TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETI

Türkmenistanyň
Ýokary kazyýetiniň
Plenumynyň
kararlarynyň ýygyndysy

(2026-njy ýylyň 1-nji sentýabryna çenli
girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen)

Aşgabat – 2026 ýyl

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 5

1997-nji ýylyň aprel aýynyň 28-i Aşgabat şäheri

Parahorçulyk baradaky işler boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda

(12.08.2006 ý. № 3; 18.12.2010 ý. № 6; 28.07.2012 ý. № 1; 25.07.2015 ý. № 2; 26.08.2017 ý. № 3; 08.12.2018 ý. № 7; 24.07.2021 ý. № 7; 18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3; 19.10.2024 ý. № 9; 19.07.2025 ý. № 4; 19.07.2025 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen)

Parahorçulyk baradaky işler boýunça kazyýet iş tejribesini ara alyp maslahatlaşyp, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy kazyýetleriň şu görnüşli işlere seredende, kanunçylygy esasan dogry ulanýandyklaryny belleýär.

Şonuň bilen birlikde kazyýetleriň işinde düýpli kemçilikler hem bar.

Kazyýetler käbir halatlarda deslapky derňewiň hiline ýeterlik talap bildirmeýärler. Kazyýetde seredilende hem işleriň ýüzleý barlanan ýagdaýlarynyň üsti hemişe doldurylmaýar, netijede parahorçulyk üçin jogapkärçilik baradaky kanunçylygyň kadalaryny ulanmakda ýalňyşlyklar goýberilýär.

Aýry-aýry kazyýetler tarapyndan jeza çäresi bellenende, edilen jenaýatyň ähli ýagdaýlary we günäkäriň şahsyýeti nazara alynmaýar, kä wagtlar bolsa günäkärlere özüni ödemeýän eglişik edilýär hem-de para berijileriň esassyz jenaýat jogapkärçiliginden boşadylan ýagdaýlary ünsden galdyrylýar.

Birnäçe halatlarda kazyýetler, parahorçulyk edilmegine getiren sebäpleri we şertleri doly ýüze çykarmaýarlar we olary aradan aýyrmak üçin kanunda göz öňünde tutulan çäreleri görmeýärler.

Bellenilen kemçilikleri düzetmek hem-de parahorçulyk üçin jogapkärçiligi göz öňünde tutýan kanunçylygy birmeňzeş ulanmaklygy üpjün etmek maksady bilen, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy,

K A R A R E D Ý Ä R:

1. Kazyýetler işiň ýagdaýlaryny hemmetaraplaýyn, doly we tarapgöýsizlikli barlamak barada kanunyň talaplaryny ýerine ýetirip, işiň hakyky boluş ýagdaýlarynyň hemmesini, şol sanda para almakda aýyplanýan adamlaryň gulluk ýagdaýyny, jenaýat etmekde olaryň her biriniň hakyky ornuny, para almaklygyň, bermekligiň ýa-da para almak-bermekde arada durmaklygyň maddalaşadyryjy ýagdaýlaryny doly takyklamaga borçludyrlar.

2. Jogapkärçiligiň gutulgysyzdygy baradaky garaýşy yzygiderli durmuşa geçirmekligi gazanmak üçin, deslapky derňew edaralary tarapyndan jenaýata gatnaşyjylaryň hemmesini we aýyplanýanlaryň jenaýatçylykly hereketleriniň

hemmesini ýüze çykarmak üçin ähli çäreleriň görlendigini, para berijileriň jenaýat jogapkärçiliginden boşadylyşynyň kanunylygyny, jenaýat işiniň bölünenliginiň ýa-da maglumatyň aýratyn önümçilige bölünip aýrylanlygynyň dogrulygyny barlamaklyk zerurdyr.

Para alýan we para berýän barasyndaky işe aýry-aýrylykda seretmeklige diňe şeýle etmek işiň hemme taraplaýyn, doly we tarapgöýsizlikli barlanmagyna we çözülmegine täsir etmeýän bolsa ýol berilýändigini kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

3. Kanuna laýyklykda, para almaklyk üçin jenaýat jogapkärçiligine wezipeli adamlar we şonuň ýaly-da wezipeli adamyň borçlaryny wagtlaýyn ýerine ýetirýän adamlar, hat-da olar şol wezipä bellemäge ygtyýarly ýolbaşçynyň dilden buýrugy bilen bellenen mahalynda hem özüniň şu wagtlaýyn borçlaryny ýerine ýetirmek bilen baglylykda para alan bolsa, jenaýat jogapkärçiligine çekilmelidir.

Wezipeli adam para berijiniň bähbitleri üçin degişli hereketleri etmäge özüniň ygtyýary bolmasa-da, ýöne öz gulluk ýagdaýyna laýyklykda beýleki bir wezipeli adamlaryň para berijiniň isleýän hereketlerini etmegine täsir edýän çäreleri görüp bilýän bolsa, onda şeýle wezipeli adamlar hem para almaklyk baradaky jenaýatyň şahsy (subýekti) diýip hasap edilmäge degişlidir.

4. Paranyň närsesi (predmeti) diýip, pullar (nagt we nagt däl), gymmatlygy bolan kagyzlar, maddy gymmatlyklar, şeýle hem aslynda tölenmäge degişli bolan, ýöne mugtuna edilen hyzmatlar (meselem, dynç alyş öýüne, syýahatçylyga ýollamalary, ýolagçylyk biletlerini alyp bermek, bejeriş, täzeden dikeltmek, gurluşyk we beýleki işleri edip bermek) hasap edilýär. Maddy häsiýeti bolmadyk peýdalar para almaklygyň närsesi bolup bilmeýärler. Mysal üçin, bir adamyň öz meýli boýunça ýa-da wezipeli adamyň haýyşy boýunça ol barasynda ýa-da onuň işleýşi barasynda hakykata göz-görtele gabat gelmeýän seslenmäni metbugatda çap etdirmegi para almak we bermek diýip maddalaşdyrylyp bilinmez.

4^1. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň (mundan beýläk-Türkmenistanyň JK-nyň) 203-nji maddasynda (para almak) göz öňünde tutulan jenaýatyň düzüminiň emele gelmegi üçin, para hökmünde alnan puluň möçberiniň, gymmatly kagyzlaryň, gaýry emlägiň ýa-da emläk häsiýetli hyzmatlaryň, gaýry emläk hukuklary görnüşindäki peýdanyň gymmatynyň Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilen binýatlyk mukdarynyň birisinden geçmelidigini kazyýetlere düşündirmeli.

Türkmenistanyň JK-nyň 203-nji maddasynyň Belliginiň 1-nji bölegine laýyklykda, alnan paranyň möçberi bellenilen binýatlyk mukdarynyň birisinden geçse (häzirki wagtda 300 manatdan geçmeli) ep-esli möçberde, binýatlyk mukdarynyň iki ýüz ellisinden geçse uly möçberde, binýatlyk mukdarynyň bäş ýüzüsinden geçse, aýratyn uly möçberde para almak diýlip hasap edilýändigine hem kazyýetler üns bermelidirler.

5. Kazyýet wezipeli adamyň para berijiniň bähbitlerini arap, nähili hereketleri edendigi ýa-da etmekden saklanandygy üçin para alandygyny aýdyňlaşdyrmalydyr. Şunda paranyň haçan, ýagny islenilýän hereketiň ýerine ýetirileninden öň ýa-da soň berlendigine, paranyň öňünden şertleşilendigine, para

berijiniň bähbitlerine laýyklykda haýsydyr bir işiň bitirilendigine garamazdan, jenaýat jogapkärçiliginiň ýüze çykýandygy nazara alynmalydyr.

Wezipeli adam tarapyndan özüniň tabynlygyndaky ýa-da gözegçiligindäki adamlardan oňa howandarlygy ýa-da gulluk boýunça geçirilmegi üçin, ol barasynda öz ygtyýaryna degişli meseleleri onuň çözýändigi üçin pul serişdeleriniň ýa-da başga gymmatlyklaryň alynmagy para almak diýip hasap edilmelidir.

Gymmatlyklaryň alynmagynyň ýa-da hyzmat edilýänliginiň şertleri ýörite gürleşilmedik bolsa-da, ýöne jenaýata gatnaşyjylar para berijiniň isleglerini ödemek maksady bilen para berilýändigine düşünýän ýagdaýlarynda günäli adamlaryň hereketleri hem para almak-bermek diýip hasap edilmelidir.

6. Para bermek, para almak we para almak-bermekde arada durmak jenaýatlary paranyň iň bolmanda bir böleginiň wezipeli adam tarapyndan kabul edilen pursatynda ahyryna ýetirilen diýip hasap edilýär. Hödürlenen para kabul edilmedik ýagdaýlarynda, para berijiniň hereketi para bermeklige synanyşmak, arada durujynyň hereketleri - para almak-bermeklikde arada durmaklyga synanyşmak diýip hasap edilmelidir. Eger para almaklygyň başa barmazlygy para alyjynyň erkine bagly bolmadyk şertler sebäpli ýüze çykan bolsa, onda onuň etmişi para almaklyga synanyşmak diýip maddalaşdyrylmalydyr.

7. Gulluk boýunça öz tabynlagyndaky işgäre başga bir wezipeli adama para berip, onuň islenilýän bir işi bitirmegini ýa-da bir hereketi etmezligini gazanmagy teklip eden wezipeli adam para beriji hökmünde, para üçin şertleşilen hereketi ýerine ýetirmek barada başga bir wezipeli adam bilen gürleşen we parany gowşuran işgär bolsa para bermeklige gatnaşyjy hökmünde jogapkärçilige çekilýär. Eger şol işgär özüne berlen tabşyrygyň häsiýetine düşünip, diňe parany eltip beren bolsa, onda onuň hereketi para almak-bermekde arada durmak diýip hasap edilmäge degişlidir.

8. Kazyýetler para almak-bermekde arada durmaklygy para bermekden we para almakdan çäklendirmelidirler we şunda para berýäniň ýa-da para alýanyň tabşyrygy boýunça hereket edip, paranyň närsesini gös-göni geçirýän adamyň para almak-bermekde arada durujy bolýandygy nazara alynmalydyr. Şunda arada durujynyň para berijiden ýa-da para alyjydan arada durandygy üçin hak alanlygy ýa-da almanlygy onuň hereketiniň Türkmenistanyň JK-nyň 205-nji maddasy boýunça maddalaşdyrylmagyna täsir etmeýär.

Para bermekligi ýa-da almaklygy guraýan, oňa yrýan ýa-da para bermeklige hem-de almaklyga ýardam berýän we şol bir wagtyň özünde arada durujylyk hereketlerini ýerine ýetirýän adam para bermeklige ýa-da para almaklyga gatnaşyjy hökmünde jogapkärçilige çekilýär.

Şu ýagdaýda jenaýata gatnaşyjynyň hereketini maddalaşdyrmak meselesi onuň kimiň tarapynda durup, kimiň bähbitleri üçin, kimiň, ýagny para berijiniňmi ýa-da para alyjynyň meýline görä hereket edýändiginden ugur alnyp, onuň maksadynyň nirä gönükdirilendigine baglylykda çözülmelidir. Şunda onuň hereketlerini Türkmenistanyň JK-nyň 205-nji maddasy bilen goşmaça maddalaşdyrmak talap edilmeýär.

9. Bir topar adam tarapyndan öňünden dilleşilip para alynmagy diýip, şeýle jenaýaty etmek barasynda öňünden dilleşen wezipeli adamlaryň ikisiniň ýa-da

birnäçesiniň gatnaşmagyna aýdylýar. Wezipeli adamlaryň iň bolmanda biri tarapyndan paranyň kabul edilen pursatyndan jenaýat ahyryna ýetirilen diýip hasap edilýär. Şunda para almaklyga birnäçe wezipeli adamyň gatnaşýandygyna para berijiniň göz ýetiren-ýetirmändiginiň ähmiýeti ýokdur.

Öňünden başga wezipeli adam bilen dilleşmän para alan, soňra para berijiniň bähbitlerini yzarlap, alan parasynyň bir bölegini şol wezipeli adama geçiren wezipeli adam para almak we para bermek jenaýatlarynyň jemi boýunça jogapkärçilige çekilýär.

10. Eger-de para almak, para bermek ýa-da para almak-bermekde arada durmak bilen bagly jenaýatçylykly etmişi üçin, kanun tarapyndan bellenen jenaýat jogapkärçiligine çekmek wagtynyň möhleti geçip gutarmadyk, jezadan boşadylmadyk we iş kesilenlik aýby öz-özünden aýrylmadyk ýa-da aýrylmadyk bolsa, şeýle jenaýatlaryň biriniň iki we ondan köp gezek edilmegine jenaýatlaryň gaýtadan edilmegi diýlip düşünilýär.

Şol bir wagtyň özünde birnäçe adamdan para alynmagy, eger şol para berijileriň her biriniň bähbidi üçin aýratyn iş bitirilýän bolsa, birnäçe adama para berilmegi ýa-da şeýle ýagdaýlarda arada durulmagy jenaýatyň gaýtadan edilmegi hökmünde maddalaşdyrylmalydyr.

Islenilýän netijäniň ýüze çykmagyny üpjün edýän işiň bitirilmegi ýa-da bir hereketi etmekden saklanylmagy üçin paranyň birnäçe gezekde berilmegi ýa-da alynmagy, ýa-da şeýle ýagdaýlarda para almak-bermekde arada durulmagy, şonuň ýaly-da öz aralarynda dilleşip jenaýat edýän wezipeli adamlaryň bir toparyna para berilmegi jenaýatyň gaýtadan edilmegi diýip hasap edilip bilinmez.

11. Gorkuzyp para almak diýip wezipeli adamyň para berijiniň kanuny bähbitlerine zyýan ýetirip biljek hereketleri etmek howpuny salyp, para talap etmegine ýa-da para berijiniň özüniň kanun tarapyndan goralýan bähbitlerine zyýanly netijeleriň öňüni almak maksady bilen para bermäge mejbur bolmak ýagdaýyna bilkastdan düşürilmegine aýdylýar.

Wezipeli adamyň öz ygtyýarlygynyň çäginden çykman, para berijiniň kanuny haýyşyny bitirmäge borçly bolup, şol haýyşy kanagatlandyrmak üçin para talap etmegi hem gorkuzyp para almak diýip hasap edilýär.

12. Jenaýatyň maddalaşdyrylyşynyň paranyň möçberine baglydygy nazara alnyp, islendik paranyň närsesi döwlet satuw nyrhy, hyzmatlaryň nyrhlary ýa-da nyrhlaryň (tarifleri) esasynda, şularyň bolmadyk mahaly bolsa, bilermenleriň gelen netijesi esasynda pul görnüşindäki baha eýe bolmalydyr.

Eger bikanun alnan uly ýa-da aýratyn uly möçberdäki para bölekleýin alnan bolsa, ýöne şol hereketler dowam edýän jenaýat bolup, ýeke-täk niýeti gurşap alýan we umumy maksady bolan etmişiň birnäçesinden durýan bolsa, onda bu etmiş Türkmenistanyň JK-nyň 203-nji maddasynyň belliginiň 1-nji bölegine laýyklykda uly ýa-da aýratyn uly möçberde para almak diýip hasap edilmelidir.

13. Para almakda aýyplanýan wezipeli adamyň jogapkär wezipelilik derejesi baradaky mesele onuň eýeleýän wezipesi, onuň ýerine ýetirýän gulluk borçlarynyň we wezipeleriniň (funksiýalarynyň), oňa berlen hukuklarynyň we ygtyýarlygyň ähmiýetliligi, onuň işleýän edarasynyň häsiýeti nazara alnyp çözülmelidir.

Günäkär jogapkär wezipäni eýeleýän wezipeli adam diýip bilnen mahalynda, kazyýet maddalaşdyryşyň şu alamatynyň bardygy barasynda şeýle netijä gelmeginiň delillerini hökümde görkezmelidir.

14. Jenaýatyň jemgyýet üçin has ýokary howplulygyny häsiýetlendirýän maddalaşdyryş alamatlary (gorkuzyp para almak, paranyň möçberiniň uly ýa-da aýratyn uly bolmagy, para alýanyň jogapkär wezipäni eýeleýänligi), eger jenaýat edilende beýleki para almaklyga gatnaşyjylar tarapyndan göz öňünde tutulyp edilen bolsa, onda şu alamatlar boýunça olara hem aýyp bildirilmelidir.

Ýöne jenaýata gatnaşyjylaryň hereketleri maddalaşdyrylanda, olaryň her birleriniň şahsyýetini häsiýetlendirýän ýagdaýlar (gaýtadan para alynmagy, berilmegi, para almak-bermekde arada durulmagy) şol jenaýata gatnaşyjylaryň başgalarynyň hereketleri maddalaşdyrylanda hasaba alynmaly däldir.

15. Arada durmak, para bermek we almak üçin jogapkärçilik şol bir wagtyň özünde parahorçulyk bilen baglanyşyklydygyna seretmezden, özbaşdak jenaýaty emele getirýän hereketler, ýagny wezipeden hyýanatly peýdalanmak, döwletiňki ýa-da döwletiňki däl emlägi iýmeklige gatnaşmak (meselem, para alýanyň meçew bermegi boýunça ogurlanan emlägiň para hökmünde alynmagy) we ş.m. boýunça jenaýat jogapkärçiligine çekmeklige päsgel bermeýär. Şunuň ýaly ýagdaýlarda etmişli hereketler jenaýatlaryň jemi boýunça maddalaşdyrylmalydyr.

16. Eger bir adam para berijiden puly ýa-da başga bir gymmatlyklary wezipeli adama para hökmünde bermek bahanasy bilen alyp, ony hakykatda bermekçi hem bolman özi alsa, onda şeýle etmişli hereket kezzapçylyk hökmünde maddalaşdyrylmalydyr. Haçan-da ol para berijiniň emlägini eýelemek maksady bilen ony para bermäge yrsa, onda günäkäriň hereketleri kezzapçylykdan başga-da, para bermäge meçew bermek hökmünde goşmaça maddalaşdyrylmalydyr. Şeýle ýagdaýda para berijiniň hereketleri para bermäge synanyşmak diýlip maddalaşdyrylmaga degişlidir. Şunda para berilmeli diýlip niýet edilen belli bir wezipeli adamyň adynyň aýdylan-aýdylmanlygynyň ähmiýeti ýokdur.

17. Kanunyň manysyndan gelip çykyşyna görä, jenaýatyň edilendigi barasynda meýletin habar berilende, jenaýat jogapkärçiliginden diňe bir para beriji däl-de, eýsem para bermeklige gatnaşyjylar hem boşadylýarlar.

Polisiýa, prokuratura, kazyýete ýa-da jenaýat işini gozgamaga hukugy bolan başga bir döwlet edaralaryna para berlendigi hakynda habar berilmegi (dilden ýa-da ýazmaça), habar berijiniň näme sebäbe görä şeýle edendigine garamazdan, meýletin habar bermek diýip bilinmelidir. Para berlendigi barasynda häkimiýet edaralaryna mälim bolandygy bilen baglylykda habar berilmegi meýletin habar bermek diýip hasap edilip bilinmez.

18. Paranyň gorkuzyp alnandygy ýa-da paranyň berlendigi barada meýletin arzanyň bolmagy sebäpli para berijiniň jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagy (Türkmenistanyň JK-nyň 204-nji maddasyndaky bellik) para berijileriň hereketlerinde jenaýat alamatlarynyň ýoklugyny aňlatmaýar. Şonuň üçin hem olar jebir çeken diýip bilinmäge degişli däldirler we para hökmünde berlen gymmatlyklary gaýtaryp almaklyga dalaş etmäge hukuksyzdyrlar. Şol gymmatlyklar döwlet haýryna geçirilmäge degişlidir.

Eger-de para beriji babatynda gorkuzmaklyk bolan bolsa we ol bu barasynda para berilmänkä meýletin habar beren bolsa, onda para hökmünde berlen pul we beýleki gymmatlyklar onuň eýesine gaýtarylyp berilýär.

Eger para hökmünde berlen pullar ýa-da başga gymmatlyklar tapylmadyk bolsa (gizlenen ýa-da başga esaslar boýunça ýok edilen halatynda), kazyýet Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 203-nji (para almak), 204-nji (para bermek) we 205-nji (para almak-bermekde arada durmak) maddalarynda görkezilen jenaýatlar boýunça emlägi muzdsuz almak jezany belläp, tapylmadyk emläge erk eden, iş kesilenden döwletiň haýryna alyp biler.

Para berlendigi baradaky meýletin arzanyň şol bir wagtyň özünde wezipeli adam tarapyndan para alnandygy barada arza bolup duryandygy sebäpli, kazyýetler arzaça Türkmenistanyň JIÝK-nyň 208-nji, 209-njy maddalaryna laýyklykda, göz-görtele ýalan habar üçin jogapkärçiligiň düşündirilen-düşündirilmändigine üns bermelidir. Eger-de arzanyň göz-görtele ýalandygy anyklanylsa, onda kazyýet arzaçyny kanuny jogapkärçilige çekmek üçin çäre görmelidir.

19. Parahorçylyk baradaky işlere seredilende, kazyýetler para almakda we bermekde, şeýle hem para almak-bermekde arada durmakda günäkär adamlara esassyz ýeňil, şonuň ýaly-da etmişe görä has agyr jeza çäreleriniň bellenmegine ýol bermezlik üçin kanunyň jeza çäresiniň her bir günäkäre aýrybaşgalaşdyryp bellenmelidigi baradaky talaplaryny berk berjaý etmelidirler.

20. Parahorçulyk baradaky işlere seredilende kazyýetler şu jenaýatlaryň edilmegine getiren sebäpleri we şertleri ýüze çykarmaga we hususy kesgitnamanyň (kararyň) üsti bilen jenaýatyň edilmegine sebäp bolan we şert döreden ýagdaýlary ýok etmegi degişli döwlet we jemgyýetçilik guramalarynyň ýolbaşçylaryndan talap etmäge borçludyrlar.

Kazyýetler parahorçulyk baradaky işler boýunça kazyýet iş tejribesini yzygider umumylaşdyryp, şu görnüşli işlere seredilende goýberilýän ýalňyşlyklary öz wagtynda ýüze çykaryp, olaryň düzedilmegini gazanmalydyrlar.

21. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri şu görnüşli işlere nägilelik we gözegçilik tertibinde seredenlerinde birinji basgançakly kazyýetleriň goýberýän ýalňyşlaryny öz wagtynda düzetmelidirler we olaryň goýberen kemçilikleri we säwlikleri barada netije çykarmalydyrlar.

22. Şu Kararyň kabul edilmegi bilen Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumynyň 1995-nji ýylyň oktýabr aýynyň 20-däki "Wezipä daýanylyp edilen jenaýatlaryň käbir görnüşleri boýunça kazyýet iş ýörelgeleri hakyndaky" Kararynyň 4-nji bendini güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy A.Rahmanow

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy R.Ergeşow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 14

1997-nji ýylyň dekabr aýynyň 25-i Aşgabat şäheri

Jenaýat işleriniň goşmaça derňew geçirmek üçin yzyna gaýtarylyşyny düzgünleşdirýän kanunçylygyň Türkmenistanyň kazyýetleri tarapyndan ulanylyşynyň kazyýet iş tejribesi hakynda

(28.07.2012 ý. № 1; 25.07.2015 ý. № 2; 16.07.2016 ý. № 4; 08.12.2018 ý. № 7; 18.12.2021 ý. № 12; 18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3; 19.07.2025 ý. № 4; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Jenaýatçylyga we hukuk bozulmalara garşy göreşi mundan beýläk hem güýçlendirmek boýunça wezipeleriň çözülmegi jenaýatlaryň üstüni tiz we doly açmagy we derňemegi üpjün etmek boýunça hukuk goraýyş edaralarynyň ýakyndan özara ylalaşykly hereketlerini, kazyýet seljerişiniň jenaýat eden her bir adamyň adalatly jezalandyrylmagyny we ýekeje-de bigünä adamyň jenaýat jogapkärçiligine çekilmezligini we oňa iş kesilmezligini üpjün edýän ýokary derejesini talap edýär.

Işler derňelende we olara seredilende anyklaýyş, deslapky derňew edaralary we kazyýetler tarapyndan kanunçylygyň berk berjaý edilmegi, anyklaýşyň we deslapky derňewiň hiline kazyýetleriň talabedijiliginiň ýokarlanmagy, kanunyň bozulmalaryny öz wagtynda ýüze çykarmagy we olara täsir etmegi şu wezipeleriň ýerine ýetirilmeginde möhüm ähmiýete eýedir.

Jenaýat işleriniň goşmaça deslapky derňew geçirmek üçin yzyna gaýtarylyşyny düzgünleşdirýän kanunçylygyň Türkmenistanyň kazyýetleri tarapyndan ulanylyşynyň kazyýet iş tejribesini ara alyp maslahatlaşyp, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy kazyýetleriň jenaýat iş ýöredişi kodeksiniň jenaýat işleriniň goşmaça deslapky derňew geçirmek üçin yzyna gaýtarylyşyny düzgünleşdirýän talaplaryny, esasan, dogry ulanýandyklaryny belleýär.

Şonuň bilen birlikde käbir kazyýetleriň doly derňelmedik jenaýat işleri öz önümçiligine kabul edýän we seretmäge belleýän halatlary duş gelýär, netijede şol işler goşmaça derňew geçirmek üçin kazyýet mejlisinden ýa-da nägilelik we gözegçilik tertibinde yzyna gaýtarylýar.

Anyklaýşyň ýa-da deslapky derňewiň düýpli suratda doly däldiginiň üstüni kazyýet seljerişiniň dowamynda doldurmak mümkinçiliginiň bar wagtynda hem munuň üçin çäreler hemişe görülmeýär. Kazyýetde işine seredilýäniň, jebir çekeniň ýa-da şaýadyň diňe görkezmelerini üýtgetmeginiň özüniň işi goşmaça derňew geçirmek üçin ibermäge ýeterlik esas diýip hasap edilýän wagty seýrek däl.

Şol bir wagtyň özünde-de kazyýetler doly däl we birtaraplaýyn ýa-da kanunyň düýpli bozulmasy bilen derňelen jenaýat işleriniň maglumatlaryna köplenç

tankydy nazar bilen garamaýarlar, netijede soňundan sökülýän we üýtgedilýän esassyz hökümler çykarylýar.

Nägilelik we gözegçilik kazyýet basgançaklary aşakdaky kazyýetleriň goýberýän ýalňyşlyklaryny hemişe öz wagtynda düzetmeýärler we olara jenaýat işleriniň goşmaça derňewe gaýtarylyşyny düzgünleşdirýän kanunyň kadalaryny dogry ulanmakda möhüm amaly kömek bermeýärler.

Bellenilip geçilen we beýleki kemçilikleri aradan aýyrmak maksady bilen Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy,

K A R A R E D Ý Ä R :

1. Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň talaplaryna doly laýyklykda geçirilen anyklaýşyň ýa-da deslapky derňewiň işiň ýagdaýlaryny kazyýet mejlisinde hemmetaraplaýyn, doly, tarapgöýsüz barlanmagyny üpjün edýän zerur şertleriň biridigini, şonsuz kanuny we esasly hökümiň çykarylmagynyň mümkin däldigini nazara alyp, kazyýetleriň öz garamagyna gelip gowuşýan işleri dykgat bilen öwrenmekleri zerurdyr. Geçirilen anyklaýşyň ýa-da deslapky derňewiň kazyýet mejlisinde üstüni dolup bolmajak derejede doly däl bolan, jenaýat iş ýörediş kanunynyň düýpli bozulan ýagdaýynda ýa-da Türkmenistanyň JIÝK-nyň 342-nji maddasynda göz öňünde tutulan başga esaslaryň bar mahalynda, işleriň kazyýet seljerişine bellenmegine ýol berilmän, olar goşmaça derňew geçirmek üçin yzyna gaýtarylmaga degişlidir.

Kazyýet mejlisini bellemek işiniň kanuna doly laýyklykda geçirilmeginiň köp derejede kazyýet seljerişiniň hilini kesgitleýändigini kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar we şol sebäpli hem jenaýat işini kazyýet seljerşine bellemek hakyndaky meseläni çözmeklige ýüzleý we ýönekeýçemeleşmek ýagdaýyna ýol berilmeli däldir.

Aýyplanýanyň günälidigi hakyndaky meseläni öňünden çözmezden, kazy ýa kazyýet Türkmenistanyň JIÝK-nyň 337-nji maddasynyň 3-nji we 9-njy bentlerine laýyklykda, işiň maglumatlarynda onuň kazyýet mejlisinde seredilmegi üçin ýeterlik subutnamalaryň bardygyny, aýyplaw netijenamasynyň Jenaýat iş ýörediş kanunynyň talaplaryna laýyklykda düzülendigini barlamaga borçludyr.

Eger gelip gowşan maglumatlarda işiň ýagdaýlarynyň kazyýet tarapyndan hemmetaraplaýyn, doly we tarapgöýsüz barlanmagy üçin zerur maglumatlar ýok bolsa we anyklaýşyň ýa-da deslapky derňewiň bu doly däldiginiň üsti kazyýet mejlisinde doldurylyp bilinmejek bolsa, iş Türkmenistanyň JIÝK-nyň 342-nji maddasynyň talaplaryna laýyklykda, jenaýat işini kazyýet seljerşine bellemek döwründen goşmaça derňew geçirmek üçin iberilmäge degişlidir. Türkmenistanyň JIÝK-nyň 23-nji maddasynyň işiň kazyýete bermek döwründen goşmaça derňew geçirmek üçin yzyna gaýtarylmagyna getirýän bozulmasy diýip, aýyplanýana jenaýat kanunynyň dürli maddalarynyň hereket täsirine düşýän birnäçe jenaýaty etmeklik ýöňkelýän bolsa, ýöne aýyplanýan hökmünde jogapkärçilige çekmek hakyndaky kararda aýyplanýana jenaýat kanunynyň her bir maddasy boýunça haýsy

anyk hereketleriň ýöňkelýändigi görkezilmedik ýa-da jenaýata gatnaşyjylaryň hereketleriniň aýyl-saýyl edilmedik ýagdaýlary hem hasap edilmäge degişlidir.

Eger ozal goşmaça derňew geçirmek üçin yzyna gaýtarylan iş boýunça jenaýat işini kazyýet seljerşine bellemek anyklaýyş ýa-da deslapky derňew edaralary tarapyndan işiň möhüm ýagdaýlaryny derňemekde goýberilen kemçilikleriň üstüni doldurmak barada kazyýetiň beren görkezmeleriniň ýerine ýetirilmänligi takyklansa, bu ýagdaý işiň goşmaça derňew geçirmek üçin gaýtadan iberilmegine esas bolup biler. Şunda işiň ýagdaýlaryny goşmaça derňemek hakynda ozal berlen görkezmeleri kazyýetiň näme üçin ýerine ýetirilmedik diýip hasap edýändiginiň kesgitnamada beýan edilmegi zerurdyr.

Işi kazyýet seljerşine bellemek işinde goşmaça derňew geçirmek üçin yzyna gaýtarmak hakyndaky meseläni çözenlerinde kazylar Türkmenistanyň JIÝK-nyň 230-njy, 337-nji, 342-nji maddalarynyň talaplaryny berk gollanmalydyrlar.

2. Anyklaýyş ýa-da deslapky derňew edaralary tarapyndan toplanylan subutnamalaryň "kazyýetde üsti doldurylyp bilinmejek doly dälligi" diýip, üsti doldurylmagy üçin täze subutnamalary gözläp tapmak ýa jenaýatyň edilmegine gatyşan başga adamlary anyklamak bilen baglanyşykly bolan derňew-gözleg hereketleriniň geçirilmegi ýa-da başga ýerde ýa has uly möçberdäki derňew hereketleriniň geçirilmegi talap edilýän kemçilikler hasap edilip bilner.

3. Anyklaýşyň ýa-da deslapky derňewiň doly dälligi ýüze çykarylanda, kazyýet Türkmenistanyň JIÝK-nyň 23-nji, 133-nji maddalaryna laýyklykda, iş üçin möhüm ähmiýeti bolan, ýöne anyklaýyş ýa-da deslapky derňew edaralary tarapyndan doly aýdyňlaşdyrylmadyk ýagdaýlary barlamak arkaly, şol doly dälligiň üstüni doldurmak üçin zerur çäreleri görmäge borçludyr, şeýle hem kazyýet seljerişiniň dowamynda belli bolan täze ýagdaýlary-da barlamalydyr.

Derňewiň gelip gowşan maglumatlaryna, aýyplaw netijenamasyndaky netijelere, şeýle-de kazyýet mejlisinde alnan goşmaça maglumatlara kazyýetiň tankydy nazar bilen garamazlygyna ýol berilmezligi zerurdyr.

Şunda Türkmenistanyň JIÝK-nyň 136-njy maddasynyň kazyýet üçin hiç hili subutnamalaryň öňünden bellenen güýjüniň ýokdugy hakyndaky talaplaryndan ugur alynmagy möhümdir.

4. Subutnamalaryň özleriniň çeşmesi, alnyşynyň we berkidilişiniň şertleri, usuly babatynda kanunyň talaplaryna laýyk gelmelidiklerine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Kazyýetler anyklaýşyň ýa-da deslapky derňewiň dowamynda subutnamalar toplanan wagty goýberilen iş ýörediş kanunçylygynyň bozulmalary barada hususy kesgitnama çykarmak bilen täsir etmelidirler.

5. Eger anyklaýşyň ýa-da deslapky derňewiň doly dälliginiň üstüni doldurmak üçin bilermenleriň seljermesini geçirmek talap edilýän bolsa, onda kazyýet şu maksat bilen işi goşmaça derňew geçirmek üçin diňe şeýle ýagdaýlarda, ýagny, haçan-da bilermenleriň seljermesini geçirmek, goşmaça resminamalary, maddy subutnamalary we nusgalary gözläp tapmak we almak zerurlygy bilen, şeýle hem ýüklenen aýby aýyplaw netijenamasynda beýan edilen aýypdan has agyr ýa-da hakykat ýüzündäki ýagdaýlary boýunça düýpli tapawutlanýan aýyplama bilen

çalşyrmaklyga getirip biljek täze maglumatlary takyklamak bilen baglanyşykly bolanda iberýär.

6. Haçan-da jenaýat sebäpli ýetirilen maddy zyýanyň möçberi derňew tarapyndan takyklanmadyk bolsa we ony kazyýet mejlisinde kesgitlemek mümkin bolmasa, kazyýet işi goşmaça derňewe şu şertlerde, ýagny, şu jenaýatyň düzüminiň bardygy ýa-da ýokdugy, etmişli hereketleriň maddalaşdyrylyşy ýa-da jeza çäresi hakyndaky meseläniň çözülmegi maddy zyýanyň möçberine bagly bolanda iberýär.

7. Aýyplanýanyň şahsyýeti hakyndaky maglumatlaryň (ýaşy, saglyk ýagdaýy, işe ýarawlylygy, işleýän işiniň görnüşi we häsiýeti, ozal iş kesilenlik aýybynyň bardygy we şuňa meňzeş) jenaýatyň maddalaşdyrylyşy, jezanyň görnüşini we möçberini bellemek baradaky meseleleri çözmekde möhüm ähmiýetiniň bardygyny nazara alyp, kazyýetler şeýle maglumatlaryň işde bolmazlygynyň, olary kazyýet mejlisinde doldurmagyň mümkin däl wagty işiň goşmaça derňewe iberilmegi üçin esas bolup biljekdigini göz öňünde tutmalydyrlar.

8. Türkmenistanyň JIÝK-nyň 412-nji maddasynyň talaplaryna laýyklykda, kazyýet hökümi kazyýet mejlisinde hemmetaraplaýyn, doly we tarapgöýsüz barlanan ygtybarly subutnamalara esaslandyrýar. Şundan ugur alyp, kazyýet işdäki bar bolan gapma-garşylyklary aýdyňlaşdyrmak üçin hemme zerur çäreleri görmäge we olara degişli baha bermäge borçludyr.

Işiň düýpli ýagdaýlaryna degişli gapma-garşylykly subutnamalaryň barlygy bilen baglanyşyklylykda derňew doly däl diýen esas bilen iş goşmaça derňew geçirmek üçin yzyna gaýtarylmaga diňe şeýle ýagdaýlarda, ýagny, işiň maglumatlaryndan şu subutnamalara baha bermäge kazyýete mümkinçilik berýän başga tarapgöýsiz maglumatlar bolmasa ýa-da kazyýetiň özi tarapyndan aýdyňlaşdyrylyp bilinmejek täze ýagdaýlaryň barlanylmagy zerur bolanda degişlidir.

Anyklaýşyň ýa deslapky derňewiň doly däldigi we birtaraplylygy ýa-da subutnamalarda aýdyňlaşdyryp we aradan aýryp bolmajak düýpli gapma-garşylyklaryň bardygy üçin diýen esaslar bilen, eger şol wagta çenli anyklaýşyň ýa deslapky derňewiň mümkinçilikleri doly gutaran bolsa, işiň goşmaça derňew geçirmek üçin iberilýän ýagdaýlaryny kazyýetleriň iş tejribesinden aýyrmaklary zerurdyr. Şunuň ýaly ýagdaýlarda kazyýet toplanan subutnamalara degişli baha berip, aklaw hökümi ýa-da diňe subut bolýanlygy şübhe döretmeýän aýyp boýunça aýyplaw hökümi çykarmaga borçludyr.

9. Kazyýetleriň jenaýat işi gozgalanda we onuň derňelen döwründe anyklaýyş ýa-da deslapky derňew edaralary tarapyndan Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň talaplarynyň berjaý edilişini barlamaklary gerek.

Işi Türkmenistanyň JIÝK-nyň 342-nji maddasynyň 2-nji böleginde (jenaýat-iş ýörediş kodeksiniň düýpli bozulmasy) göz öňünde tutulan esas boýunça goşmaça derňewe ibermek, eger anyklaýyş ýa-da deslapky derňew edaralary tarapyndan goýberilen jenaýat-iş ýörediş kodeksiniň bozulmalary mejlise gatnaşyjylaryň kanun tarapyndan kepillendirilen hukuklaryndan mahrum edilmegine ýa-da çäklendirilmegine getiren bolsa ýa-da iş boýunça derňewiň hemmetaraplylygyna, dolulygyna we tarapgöýsüzligine başga bir ýol bilen täsir eden bolsa, ýa-da täsir

edip biljek bolan bolsa we olary kazyýet mejlisinde düzetmäge mümkinçilik bolman, diňe goşmaça derňewde düzedip bolýan bolsa, mümkindir.

Iş aşakdaky ýagdaýlaryň ählisinde goşmaça derňew geçirmek üçin aýyplanýanyň işi boýunça kazyýet seljerişini bellemek meselesi çözülýärkä yzyna gaýtarylmaga degişlidir:

- Türkmenistanyň JIÝK-nyň 223-nji maddasynyň talaplary bozulan bolsa, ýagny, deslapky derňewiň ýerine anyklaýyş geçirilen bolsa;

- deslapky derňew başga işden aýratyn önümçilige aýrylyşdyrylan maglumatlar boýunça başga adam babatynda täze aýyp boýunça jenaýat işi gozgalmazdan geçirilen bolsa;

- aýyp yglan edilende Türkmenistanyň JIÝK-nyň 245-nji maddasynyň talaplarynyň bozulmagyna ýol berlen bolsa (JK-nyň maddasy, bölegi, bendi, aýyplanýanyň anyk hereketleri görkezilmedik bolsa ýa-da birnäçe jenaýat edilen wagty olaryň her birine hukuk taýdan baha berilmedik bolsa we başgalar);

- aýyplamanyň aýyplaw netijenamasynda beýan edilen kesgitnamasy yglan edilen aýyplamadan düýpli suratda tapawutlanýan we aýyplanýanyň ýagdaýyny ýaramazlaşdyrýan bolsa;

- aýyplaw netijenamasy prokuror tarapyndan tassyklanmadyk bolsa, ýöne aýyplaw netijenamasynyň ony tassyklamaga hukugy bar bolan prokuroryň özi tarapyndan düzülen ýagdaýlary muňa girmeýär.

Eger Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň şu görkezilen düýpli bozulmalary aýyplanýany kazyýete bermek döwründe öz wagtynda ýüze çykarylmadyk bolsa, iş şu esaslar boýunça goşmaça derňew geçirmek üçin kazyýet mejlisinden ýa-da oňa nägilelik ýa gözegçilik tertibinde seredilende yzyna gaýtarylmaga degişlidir.

Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň işi goşmaça derňewe yzyna gaýtarylmagyna getirýän düýpli bozulmalarynyň hataryna aşakdaky ýagdaýlar hem girýär:

- derňew Türkmenistanyň JIÝK-nyň 103-nji maddasyna laýyklykda, ynanmazlyk bildirmäge degişli adamlar tarapyndan geçirilen bolsa;

- Türkmenistanyň JIÝK-nyň 82-nji maddasynyň deslapky derňew geçirilende adwokatyň gatnaşmagynyň hökmänylygy hakyndaky talaplary bozulan bolsa;

- bähbitleriniň arasynda gapma-garşylyk bar bolan iki ýa-da ondan hem köp adamy bir adwokatyň goraýan ýagdaýy;

- aýyplanýanyň işiň ähli maglumatlary bilen tanyşmaga bolan hukugy üpjün edilmedik bolsa;

- Türkmenistanyň JIÝK-nyň 28-nji maddasynyň işiň ýöredilýän dilini bilmeýän aýyplanýany terjimeçi bilen üpjün etmek hakyndaky talaplary bozulan bolsa we başgalar.

10. Adwokatyň gümanlanýanyň tutulyp saklanan pursatyndan başlap işde bolmazlygy jenaýat–iş ýörediş kanunyň bozulmasydygyny, ýöne munuň işi goşmaça derňewe ibermek üçin esas bolup bilmejekdigini, sebäbi derňewiň bu kemçiligini düzetmegiň eýýäm mümkin däldigini kazyýetlere düşündirmeli, şoňa görä, eger derňewiň mundan soňraky dowamynda kanuna laýyklykda adwokatyň gatnaşmagy üpjün edilen bolsa we şeýlelikde, tutulyp saklananyň goranmaga hukugy dikeldilen bolsa, onda kazyýet işi goşmaça derňewe gaýtarman, hususy

kesgitnama (karar) çykarmak ýoly bilen görkezilen kanun bozulmasyna ünsi çekmelidir.

11. Jenaýat-iş ýörediş kanunçylygyna laýyklykda, eger kazyýet aýyplanýana ozal yglan edilen aýyp bilen baglanyşykly başga aýby ýüklemek üçin ýa-da ýüklenen aýby aýyplaw netijenamasynda beýän edilen aýypdan has agyr ýa-da hakykat ýüzündäki ýagdaýlary boýunça düýpli tapawutlanýan aýyplama bilen çalşyrmaga esaslar bar diýip, şeýle hem şol iş boýunça başga adamy jenaýat jogapkärçiligine çekmek üçin esaslar bolup, şol adam barada işi aýratyn önümçilige bölüp aýyrmak mümkin däl diýip netijä gelse, onda iş goşmaça derňewe iberilmäge degişlidir.

Şunda täze aýyp bilen ozal yglan edilen aýbyň arasynda, şonuň ýaly-da şol iş boýunça jenaýat jogapkärçiligine çekilen adamyň aýby bilen başga adama ýüklenilip bilinjek aýyplamanyň arasynda baglanyşygyň bardygy diňe şeýle ýagdaýlarda, ýagny şol ýagdaýlar bilelikde derňelmese, işiň ýagdaýlaryny hemmetaraplaýyn, doly we tarapgöýsüz barlamak, edilen etmişi dogry maddalaşdyrmak ýa-da günäkärleri jezalandyrmak meselesini çözmek mümkin däl bolanda, işi goşmaça derňewe ibermäge esas bolup bilýändigi göz öňünde tutulmalydyr.

12. Kazyýetleriň has agyr aýyplama diýip, has berk jeza çäresini göz öňünde tutýan ýa-da başga bir ýaramaz jenaýat-hukuk netijelerine getirip biljek kanun boýunça maddalaşdyrylan aýyplamanyň, mysal üçin, eger edilen etmiş gutarylan jenaýat bolup, ýöne ol ýalňyşlyk bilen jenaýata taýýarlyk görmek ýa-da onuň kastyna düşmek hökmünde maddalaşdyrylan bolsa, şeýle hem jenaýaty gös-göni eden ýa-da etmegi guran adam ýalňyşlyk bilen jenaýaty etmäge yran adam ýa-da jenaýat edilmegine ýardam beren adam diýip bilnen bolsa hasap edilýändiginden ugur almaklary gerek.

13. Hakykat ýüzündäki ýagdaýlary boýunça ilkibaşdakydan düýpli tapawutlanýan aýyplama diýip, başga manyly jenaýaty günä bildirmek we aýyplamanyň beýän edilişini aýyplanýanyň özüni goramaga bolan hukugyny bozýan aýba çalşyrmak bilen baglanyşykly aýyplama hasap edilmelidir.

14. Jenaýat işlerini bölüp aýyrmak we olary bir önümçilige birleşdirmek meseleleri Türkmenistanyň JIÝK-nyň 44-45-nji maddasyna laýyklykda çözülmelidir.

Öz aralarynda niýetleriniň umumylygy bilen berk baglanyşykly bolan adamlaryň jenaýatçylykly hereketlerini bir işde derňemegiň we seretmegiň maksada laýykdygyny düşündirmeli. Mysal üçin, haçan-da aýyplanýanlaryň biriniň günälidiginiň derejesi hakyndaky mesele beýlekisiniň günälidigi hakyndaky meseläniň çözülişine bagly bolsa, onda ýöredilýän önümçilikleri birleşdirmek maksada laýykdyr. Şunda üstlerine günä ýüklenilýän hereketleriň umumylygy bilen öz aralarynda baglanyşykly adamlar baradaky iki işiň aýry-aýrylykda seredilmeginiň şu işleriň her biri boýunça çykarylýan höküminiň esaslylygyna täsir edip biljekdigi göz öňünde tutulmalydyr.

Işleriň esassyz birleşdirilmegi ýa-da bölünip aýrylmagy olaryň goşmaça derňewe iberilmegine getirýär.

15. Kazyýetiň kesgitnamasynda ýa-da kazynyň kararynda, işi goşmaça derňew geçirmek üçin yzyna gaýtarmaga esas bolup hyzmat eden ýagdaýlara baglylykda, yglan edilen aýbyň gysgaça manysynyň beýanyndan başga-da, aşakdaky ýagdaýlar görkezilmelidir:

- geçirilen anyklaýşyň ýa-da deslapky derňewiň doly dälliginiň anyk nämeden duryandygy we onuň üstüni kazyýet mejlisinde doldurmaga näme üçin kazyýetiň mümkinçiliginiň ýokdugy, haýsy ýagdaýlaryň goşmaça aýdyňlaşdyrylmalydygy;

- jenaýat-iş ýörediş kodeksiniň nähili düýpli bozulmasynyň düzedilmelidigi;

- aýyplanýana ozal yglan edilen aýyp bilen baglanyşykly başga aýby ýüklemek üçin ýa-da ýüklenen aýby aýyplaw netijenamasynda beýan edilen aýypdan has agyr ýa-da hakykat ýüzündäki ýagdaýlary boýunça düýpli tapawutlanýan aýyplama bilen çalşyrmak üçin esaslaryň bardygyna, şeýle hem başga adamlary jenaýat jogapkärçiligine çekmegiň zerurdygyna nähili maglumatlaryň şaýatlyk edýändigi we olar baradaky maglumatlary näme üçin aýratyn önümçilige bölüp aýryp bolmaýandygy;

-kazyýetiň işleriň nädogry birleşdirilendigi we aýrylaşdyrylandygy hakyndaky pikiriniň nähili delillere esaslandyrylandygy.

Işiň anyk ýagdaýlaryny nazara alyp, kazyýet derňew döwründe goýberilen ýalňyşyň häsiýetine görä talap edilýän mahalynda, ol ýa-da başga iş ýörediş hereketleri geçirmekligi teklip edip biler (meselem, täze aýyp yglan etmegi, bilermenleriň seljermesi, ýüzleşdirmeler geçirmegi, TJIÝK-nyň kadalarynyň düýpli bozulmalaryny düzetmegi, raýat hak islegini ýa-da bolup biläýjek emlägi muzdsuz almaklygy üpjün etmeklige degişli çäreleri görmegi we ş.m.).

Işi goşmaça derňew geçirmek üçin yzyna gaýtarmak hakyndaky kesgitnamanyň ýa-da kararyň netije böleginde işiň ady, onuň goşmaça derňew geçirmek üçin prokurora iberilýändigi barada, aýyplanýan babatynda seçilip alnan ätiýaçsyzlandyryş çäresi barada we teklipnama we şikaýat bildirmegiň tertibi barada görkezilmelidir.

16. Kazyýetler işi goşmaça derňew geçirmek üçin yzyna gaýtarmak baradaky kesgitnamada /kararda/ aýyplamanyň subut bolýandygy, ol ýa beýleki subutnamanyň ygtybarlydygy we subutnamalaryň birleriniň beýlekilere garanda artykmaçlygy hakyndaky meseleleriň öňünden çözülmegine, şeýle hem deslapky derňewiň dowamynda barlanylmaga degişli ýagdaýlaryň anyklanan diýip hasap edilmegine ýol berilmesizdigini göz öňünde tutmalydyrlar.

17. Işe işi goşmaça derňew geçirmek üçin yzyna gaýtarmak baradaky kesgitnamanyň /kararyň/ üstünden getirilen hususy teklipnama ýa-da şikaýat boýunça seredip, nägilelik basgançakly kazyýet birinji basgançakly kazyýetiň ol ýa beýleki görkezmelerini ýatyrmaga we üýtgetmäge ýa-da edilen jenaýatyň hakykat ýüzündäki ýagdaýlarynyň çäginde täze görkezme bermäge haklydyr. Kazyýet kesgitnamalaryna /kararlaryna/ şeýle üýtgetmeler gözegçilik basgançakly kazyýetler tarapyndan hem girizilip bilner.

18. Iş goşmaça derňew geçirmek üçin yzyna gaýtarylanda, kazyýetler oňa sebäp bolan jenaýat-iş ýörediş kodeksiniň bozulmasy barada, şonuň ýaly hem anyklaýyş we deslapky derňew döwründe kanunyň we raýatlaryň hukuklarynyň

bozulan halatlary barada hususy kesgitnamalar (kararlar) çykarmalydyrlar. Şunuň ýaly hususy kesgitnamalar (kararlar) serenjam mejlisinde hem çykarylyp bilinýändir.

Ýokarda durýan kazyýetleriň anyklaýyş, deslapky derňew geçirilendäki, şonuň ýaly-da işe birinji basgançak boýunça seredilendäki kanun bozulmalara hem üns bermekleri zerurdyr. Eger esaslaryň bardygyna we ýeterlikdigine garamazdan, birinji basgançakly kazyýet muňa üns bermedik bolsa, onda ýokarda durýan kazyýetiň özi anyklaýşyň, deslapky derňewiň adyna, şonuň ýaly-da kanunyň talaplaryny ýerine ýetirmedik kazyýetiň adyna-da hususy kesgitnama (karar) çykarmalydyr.

19. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri işleri goşmaça derňewe ibermegi düzgünleşdirýän kanunçylygyň dogry ulanylmagyna berk gözegçiligi üpjün etmelidirler, işleriň goşmaça derňewe iberilmeginiň sebäplerine yzygiderli syn bermelidirler we Türkmenistanyň JIÝK-nyň 342-nji we 366-njy maddalary ulanylanda kazyýetler tarapyndan goýberilýän ýalňyşyň öňüni almak üçin çäreler görmelidirler.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy A.Rahmanow

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy R.Ergeşow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 15

1997-nji ýylyň dekabr aýynyň 25-i Aşgabat şäheri

Miras almak baradaky işlere seredilende, Türkmenistanyň kazyýetleri tarapyndan kanunçylygyň ulanylyş iş tejribesi hakynda

(01.09.2003 ý. № 4; 28.07.2012 ý. № 1; 25.07.2015 ý. № 2; 16.07.2016 ý. № 4; 27.12.2016 ý. № 11; 14.04.2018 ý. № 3; 08.12.2018 ý. № 7; 24.07.2021 ý. № 7; 17.02.2024 ý. № 3; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen)

Miras almak baradaky işler boýunça kazyýet iş tejribesini öwrenmeklik kazyýetler tarapyndan miras almaklygyň möhletini uzaltmak hakyndaky, miras almak hukugy, miras galan emlägi paýlaşmak, kanun boýunça we wesýetnama boýunça miras almak hukugy hakyndaky şahadatnamany hakyky däl diýip bilmek, mirasyň kabul edilenliginiň ýagdaýyny takyklamak boýunça jedeller hakyndaky işlere seredilýändigini görkezdi.

Şu işler iş ýörediş we maddy hukuk kadalaryny berjaý etmek bilen, kanun tarapyndan bellenilen möhletlerde, esasan dogry çözülýär.

Şonuň bilen birlikde şeýle işlere seredilişiniň hilini pese gaçyrýan ýalňyşlyklar we kemçilikler hem bar.

Käbir halatlarda işleri kazyýet seljerişine degişli derejede taýýarlamak kazyýetler tarapyndan geçirilmeýär, arza berijileriň talaplary anyklanylmaýar, şonuň bilen baglylykda bolsa, jedeliň esasy, işiň haýsy kazyýetde seredilmäge degişlidigi, kazyýet mejlisine çagyrylmaly adamlar nädogry kesgitlenilýär.

Kazyýetleriň hukuk hakyndaky jedeliň bar mahalynda hem arzalara hak islegi önümçiligi tertibinde däl-de, eýsem aýratyn önümçilik tertibinde seredýän halatlarda bar.

Kazyýetleriň döwlet pajyny nädogry tutup alýan we kazyýet harajatlaryny taraplaryň arasynda nädogry paýlaýan halatlary bar. Kazyýetleriň işinde şu görnüşli işlere seretmekde başga-da ýalňyşlyklar bar.

Miras almak baradaky işlere seredilende, kanunçylygyň dogry we birmeňzeş ulanylmagyny üpjün etmek maksady bilen Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy,

K A R A R E D Ý Ä R :

1. Kazyýetler miras almak baradaky işler boýunça jedelleri çözenlerinde miras almak hakyndaky kanunçylygyň ölen adamyň emläginiň kanun tarapyndan göz öňünde tutulan ýagdaýlaryna laýyklykda geçmeli bolan raýatlaryň eýeçilik

hukugyny, şeýle hem döwletiň we hukuk taýdan taraplaryň hukuklaryny we emläk bähbitlerini goramagy maksat edinýändigini göz öňünde tutmalydyrlar.

2. Kazy arza kabul edilende we işler kazyýet seljerişine taýýarlanylanda arza berijiniň talaplaryny takyklamalydyr, nähili resminamalaryň talap edilip alynmalydygyny, kazyýet mejlisine çagyrylmaly adamlary kesgitlemelidir.

3. Türkmenistanyň RK-nyň 1140-njy maddasyna laýyklykda, miras galdyryjynyň eklenjinde bolan we özlerini özbaşdak ekläp bilmeýän zähmete ukypsyz adamlar, eger olar wesýetnamada görkezilmedik bolsalar, eklenmek üçin mirasdan alimentleri talap etmäge hukuklydyrlar. Eklenmek görnüşinde tölenmäge degişli pul möçberi mirasyň möçberini hasaba almak bilen azaldylyp bilner.

Miras galdyryjynyň ekläp-saklamagynda bolan adamlar diýip, miras galdyryjynyň doly ekläp-saklamagynda bolan ýa-da miras galdyryjydan alan kömegi olaryň ýaşaýyş serişdesiniň esasysy we hemişelik çeşmesi bolan işe ýarawsyz adamlar hasap edilmelidir.

4. Perzentlige alnanlar we olaryň nesilleri perzentlige alan we onuň ganybir garyndaşlary ölende miras almak hukugy boýunça perzentlige alanyň çagalary we olaryň nesli bilen deň hasap edilýärler, edil şonuň ýaly-da, perzentlige alanlar we olaryň ganybir garyndaşlary perzentlige alnan we onuň nesli ölende ganybir garyndaşlaryň hukuklary bilen deň hasap edilýär.

Öweý ogullar we öweý gyzlar kakalygyň we ejeligiň mirasdarlary bolmaýarlar, edil şonuň ýaly-da kakalyk we ejelik öweý ogullaryň we öweý gyzlaryň mirasdarlary bolup bilmeýärler, ýöne olaryň miras galdyryjynyň ölmezinden öň azyndan bir ýyllap ekläp-saklamagynda bolan işe ýarawsyz adam hökmünde miras almaga gatnaşdyrylýan ýagdaýy muňa girmeýär.

5. Türkmenistanyň RK-nyň 1279-njy we 1280-nji maddalaryna laýyklykda, emläge umumy eýeçilikde miras galdyryjy bilen bilelikde hukugy bolan mirasdarlar umumy eýeçilige girýän emläge artykmaçlyk hukukdan peýdalanýarlar. Miras ýüze çykýança miras galdyryjy bilen azyndan bir ýyl bilelikde ýaşan mirasdar emläk bölünende mirasdan ýaşaýyş jaýyny, öýi ýa-da gaýry ýaşalýan jaýy, şeýle hem öý goş närselerini almaga artykmaçlyk hukukdan peýdalanýar. Kanunyň manysy boýunça bu ýerde miras galdyryjy bilen bile ýaşap, gündelik zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin, şu görkezilen närselerden peýdalanan mirasdarlar göz öňünde tutulýar.

Şonuň bilen birlikde ýokarda sanalyp geçilen emlägiň we adaty öý goşlarynyň umumy esaslarda wesýetnama boýunça miras galdyrylyp bilinýändigi göz öňünde tutulmalydyr.

6. Kazyýetlere Türkmenistanyň RK-nyň 1199-njy maddasyna laýyklykda, wesýet edijiniň ozalky wesýetnamany ýa-da onuň täze wesýetnama garşy gelýän bölegini göni ýatyrýan täze wesýetnamany düzmek ýa-da notarial edara arza bermek bilen wesýetnamany islän wagty üýtgedip ýa-da ýatyryp bilýändigini düşündirmeli.

7. Türkmenistanyň RK-nyň 1172-nji maddasyna laýyklykda, miras galdyryjynyň çagalaryna, onuň ata-enesine we ärine (aýalyna) wesýetnamanyň mazmunyna garamazdan, kanun boýunça miras edinmekde (hökmany paý) olara degişli paýyň ýarysyny düzmeli bolan hökmany paý degişlidir.

Eger mirasdan hökmany paýy almaga hukugy bolan mirasdar miras galdyrylan emlägi bellenen möhletde kabul etmese ýa-da mirasdan ýüz dönderse, onda emläk wesýetnama boýunça mirasdara geçýär.

Mirasdarlaryň mirasdan hökmany paýy almaga bolan hukugy bozulan mahalynda, kazyýet wesýetnamanyň diňe hökmany paýa degişli böleginiň hakyky däldigi hakyndaky meseläni çözýär.

Hökmany paýyň möçberi kesgitlenende miras almaklyga gatnaşdyrylmaly bolan kanun boýunça mirasdarlaryň hemmesi nazara alynmalydyr (şol sanda miras galdyryjynyň agtyklary we çowluklary, eger olaryň mirasdar bolup biljek ata-enesi miras ýüze çykan wagtynda diri bolmasa) we mirasdarlaryň kimdir biriniň miras galdyryjy bilen bile ýaşandygyna garamazdan, adaty öý goşlaryny we güzeran närselerini hem goşup, miraslyk emläginiň ählisiniň bilelikdäki gymmaty nazara alynmalydyr.

8. Türkmenistanyň RK-nyň mirasdan hökmany paýy almaga hukugy bar bolan adamlaryň gutarnykly sanawy görkezilen 1172-nji maddasy ulanylanda aşakdakylar nazara alynmalydyr:

a) hökmany paýy almaga bolan hukuk beýleki mirasdarlaryň ony bermäge razydyklaryna bagly edilip bilinmez, sebäbi kanun olaryň razyçylygynyň zerurdygyny göz öňünde tutmaýar;

b) miras ýüze çykmanka ata-enesi ölen agtyklaryň we çowluklaryň, şeýle hem ikinji nobatly mirasdarlaryň mirasdan hökmany paýy almaga hukuklary ýokdur, ýöne şol adamlaryň öleniň ekläp-saklamagynda bolan halatlary muňa girmeýär;

ç) Türkmenistanyň RK-nyň 1172-nji maddasy kanunyň şu kadasynda sanalyp geçilen adamlaryň mirasdan hökmany paýy almaga bolan hukugynyň ýüze çykmagyny olaryň miras galdyryjy bilen bile ýaşamagyna we onuň bilen umumy hojalyk ýöretmegine bagly etmeýär;

d) ölen adamyň emlägini miras almaga hukugy bolan çagalar ol adam ölenden soň perzentlige alnan ýagdaýynda, kanun boýunça mirasdar hökmünde paý almaga bolan hukugyny-da, emläk başga adama wesýet edilen ýagdaýynda hökmany paýy almaga bolan hukugyny-da ýitirmeýärler, sebäbi miras açylan wagtyna çenli olaryň ata-enesi bolup duran miras galdyryjy bilen olaryň hukuk gatnaşyklary kesilmeýär.

Ata-eneleriň diri wagty perzentlige alnan çagalaryň şol ata-eneleriniň we onuň garyndaşlarynyň emlägini miras almaga hukuklary ýokdur, sebäbi olar perzentlige alnanlarynda öňki ata-eneleri bilen şahsy we emläk gatnaşyklaryny ýitirýärler (Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 119-njy maddasynyň 1-nji bölegi ýöne ata-enäniň biriniň ölen mahalynda beýlekisi bilen ýa-da ölen ata-enäniň garyndaşlary bilen olaryň haýyşy boýunça, eger perzentlige alýan garşy bolmasa, hukuk gatnaşyklarynyň saklanyp galdyrylmagynyň mümkinçiligini göz öňünde tutýan Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 119-njy maddasynyň 5-nji böleginde görkezilen ýagdaýlar muňa girmeýär).

9. Kazyýetler mirasy kabul etmek bilen bagly jedelleri çözenlerinde, aşakdakylary göz öňünde tutmalydyrlar:

a) miras galdyrylan emlägiň bir bölegine eýelik etmäge hakykat ýüzünde girişilmegi, şol miras galdyrylan emlägiň nämelerden ybaratdygyna we onuň nirede ýerleşendigine garamazdan, miras galdyrylan emlägiň hemmesiniň kabul edilendigini aňladýar;

b) mirasyň şert goýlup kabul edilmegine ýol berilmeýär;

ç) mirasy kabul etmekliginiň geçirilen möhletini uzaltmak meselesi, eger başga mirasdar ýok bolsa ýa-da hak isleýjiden beýleki mirasdarlar mirasdan ýüz dönderen bolsalar, onda maliýe edarasynyň wekilini üçünji tarap hökmünde işe gatnaşdyrmak bilen mirasyň ýüze çykan ýeri boýunça kazyýet tarapyndan çözülýär;

d) beýleki mirasdarlar tarapyndan kabul edilen ýa-da döwlete geçirilen miras galdyrylan emlägi kabul etmekliginiň möhletini onuň geçirilmeginiň sebäbiniň esaslydygy üçin uzaldanda kazyýet zat (hakyky özlügi) görnüşinde saklanyp galan emläkden oňa düşýän bölege ýa-da emläk satylan bolsa, onda pul serişdelerine hak isleýjiniň hukugyny ykrar etmek meselesini hem çözmelidir.

10. Mirasy kabul etmek üçin bolan möhleti uzaltmak meselesini çözende, şu möhletiň esassyz sebäplere görä geçirilmeginiň hak islegini kanagatlandyrmakdan ýüz döndermäge esas bolýandygy üçin, kazyýetleriň ygtyýarynda mirasy kabul etmek üçin bolan alty aýlyk möhletiň esasly sebäplere görä geçirilendigini tassyklaýan subutnamalar bolmalydyr.

Mirasy kabul etmek üçin bolan möhleti uzaltmak baradaky talaplar mirasyň kabul edilenlik ýagdaýyny takyklamak baradaky talaplardan we notarial edarasynyň miras almak hukugy hakyndaky şahadatnamany bermekden ýüz döndermegine bildirilen şikaýatlar baradaky talaplardan tapawutlandyrylmalydyrlar.

Şu mynasybetli, eger mirasdar mirasy Türkmenistanyň RK-nyň 1222-nji maddasynda görkezilen usullaryň birine laýyklykda hakykat ýüzünde kabul eden bolsa, ýöne haýsydyr bir sebäbe görä, notarial edarasy tarapyndan miras almak hukugy hakyndaky şahadatnamany bermekden ýüz dönderilen bolsa, onda notarial hereketler bilen ylalaşmaýan arza berijiniň talaplarynyň aýratyn önümçilik tertibinde seredilýändigini kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

Mirasdar mirasy hakykat ýüzünde kabul edip, Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2023-nji ýylyň 9-njy awgustynda 1726 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, Notarial hereketlerini amala aşyrmagyň tertibi hakynda düzgünnamanyň 135-nji bendinde görkezilen subutnamalary notarial edara getirip beren bolsa, emma oňa miras almak hukugy hakyndaky şahadatnamany bermekden ýüz dönderilen bolsa, onda onuň notarial hereketleri etmekden ýüz dönderilmegine bildiren şikaýatyna Türkmenistanyň RIÝK-nyň 28-nji babynda göz öňünde tutulan düzgünler boýunça seredilýär.

Eger mirasy hakykat ýüzünde kabul eden mirasdarda miras almak hukugy hakyndaky şahadatnamany almak üçin zerur bolan, ýokarda görkezilen resminamalar bolmasa we şolary başga ýol bilen almaga hem mümkinçiligi bolmasa, onda mirasyň kabul edilenlik ýagdaýyny takyklamak baradaky arza Türkmenistanyň RIÝK-nyň 31-nji babynda göz öňünde tutulan düzgünler boýunça seredilýär.

Mirasy kabul etmek üçin bolan möhleti uzaltmak hakyndaky we mirasyň kabul edilenlik ýagdaýyny takyklamak baradaky meseleler miras galdyrylan emlägi

kabul eden adamlary işe gatnaşdyrmak bilen kazyýet tarapyndan çözülýärler, şeýle adamlaryň ýok halatynda maliýe edarasynyň wekili işe gatnaşdyrylýar.

11. Mirasyň kabul edilenlik ýagdaýy arza berijiden başga mirasdar bolmadyk ýa-da olaryň mirasdan ýüz dönderen halatlarynda aýratyn önümçilik tertibinde takyklanylyp bilner.

Mirasyň kabul edilenligini tassyklaýan miras galdyrylan emläge eýelik etmäge hakykat ýüzünde girişilmegi diýip (Türkmenistanyň RK-nyň 1222-nji maddasy), mirasdaryň şu emlägi dolandyrmak, peýdalanmak, oňa ygtyýar etmek, ony gowy ýagdaýda saklamak ýa-da salgytlary, ätiýaçlandyryş töleglerini tölemek, miras galdyrylan emlägiň hasabyna Türkmenistanyň RK-nyň 1228-nji maddasynda göz öňünde tutulan çykdajylary çykarmak ýa-da miras galdyryjynyň bergilerini üzmek we şuňa meňzeşler boýunça eden islendik hereketleri göz öňünde tutulmalydyr. Şunda şu görkezilen hereketleriň miras açylan gününden başlap alty aýyň dowamynda mirasdaryň özi tarapyndan hem, onuň tabşyrygy boýunça başga adam tarapyndan hem edilip bilinýändigi göz öňünde tutulmalydyr.

12. Türkmenistanyň RK-nyň 1235-nji maddasyna laýyklykda, mirasdar miras edinmäge özüniň degişlidigini bilen ýa-da bilmeli wagtyndan başlap, mirasy kabul etmekden dört aýyň dowamynda ýüz dönderip biler. Esasly sebäbiň barlygynda şol möhlet kazyýet tarapyndan iki aýdan köp bolmadyk möhlete uzaldylyp bilner. Mirasy kabul etmekden ýüz döndermek notarial edarada resmileşdirilmelidir.

Şunda kazyýetler aşakdaky ýagdaýlary göz öňünde tutmalydyrlar:

a) mirasdar kimiň peýdasyna mirasdan ýüz dönderýändigini saýlap alanda, ol onuň miras almak nobatyna bagly däldir;

b) miras galdyryjynyň agtygynyň ýa-da çowlugynyň peýdasyna mirasdan ýüz döndermek, eger olar kanun boýunça ýa-da wesýetnama boýunça mirasdarlar bolup durýan bolsalar mümkindir;

ç) mirasdan ýüz dönderen mirasdar, soňra miras almaga hukuksyzdyr;

d) miras almakdan ýüz döndermeklik aldawyň, zorlugyň, gorkuzmagyň täsiri astynda, şeýle hem geleşigiň hakyky däldigi hakynda Türkmenistanyň Raýat kodeksinde göz öňünde tutulan başga esaslar boýunça bolan bolsa, onda kazyýet miras almakdan ýüz döndermegi hakyky däl diýip ykrar edip biler.

13. Mirasy kabul etmek üçin bolan möhleti uzaltmak hakyndaky we miras galdyrylan emläge hukuk hakyndaky işler kazyýet seljerişine taýýarlanylanda mirasy kabul etmegiň möhletini geçiren mirasdara beýleki mirasdarlar tarapyndan alnan ýa-da döwletiň eýeçiligine geçen emläkden näme galan bolsa, hakyky özlügi görnüşinde onuň paýynyň berilýändigini, şeýle hem degişli emlägiň galan böleginiň jeminiň bahasynyň oňa berilýändigini (Türkmenistanyň RK-nyň 1227-nji maddasy) göz öňünde tutup, kazyýetler haýsy emlägiň hakyky özlügi görnüşinde saklanyp galandygyny, haýsynyň näçe baha satylandygyny aýdyňlaşdyrmalydyrlar.

13^{1}. Türkmenistanyň RK-nyň 1144-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, eger hem kanun boýunça, hem wesýetnama boýunça mirasdarlar ýok bolsa ýa-da olaryň hiç biri mirasy almadyk bolsa ýa-da ähli mirasdarlar miras edinmek hukugyndan mahrum edilen bolsalar, mirasdarlary bolmadyk emläk gazna geçýär. Eger miras galdyryjy gartaşan adamlar we maýyplygy bolan adamlar üçin öý-internatlarynyň, kesel bejeriş, terbiýeçilik edaralarynyň we durmuş taýdan

hyzmat edýän edaralaryň saklamagynda bolan bolsa, onda miras şol edaralaryň eýeçiligine geçýär. Şol maddanyň 3-nji bölegine laýyklykda, beýan edilen halatlaryň kazyýet tarapyndan kesgitlenilýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Kazylar Türkmenistanyň RK-nyň 211-nji maddasynda göz öňünde tutulan, eýesiz galan gozgalmaýan zat bilen, şol Kodeksiň 1144-nji maddasynda göz öňünde tutulan mirasdary bolmadyk emlägiň, birinjide zadyň eýesiniň ýokdugy ýa-da onuň eýesiniň näbellidigi, ikinjide bolsa emlägiň mirasdarynyň ýokdugy ýa-da mirasdarlaryň mirasy almandyklary ýa olaryň miras edinmek hukugyndan mahrum edilendikleri bilen tapawutlanýandygyny ünsden düşürmeli däldirler.

Eýesiz galan gozgalmaýan zat diýip hiç-hili resminamasy bolmadyk, kanun esasynda resmileşdirilip hasaba alynmadyk zatlara düşünilmelidir. Mysal üçin bikanun gurlan gurluşyklar, binalar, desgalar, ýaşaýyş jaýlar bolup biler, ýagny şol zadyň ne fiziki ne ýuridik şahsa degişlidigi ykrar edilmedik ýagdaýda bolup galýan gozgalmaýan zatdyr. Mirasdary bolmadyk emläk diýip, emlägiň belli bir fiziki şahsa degişli bolup, ol ölenden soň Türkmenistanyň RK-nyň 1144-nji maddasynyň 1-nji böleginde anyk sanalyp görkezilen ýagdaýda miras galan we emlägi resmi taýdan kabul edere hiç bir fiziki şahsyň ýok ýagdaýynda galýan emläge düşünilmelidir.

14. Türkmenistanyň RK-nyň 1222-nji maddasynda göz öňünde tutulan mirasy kabul etmeklik düzgünlerini berjaý etmekliğiň kanun we wesýetnama boýunça mirasdarlar üçin-de, mirasdan hökmany paýy almaga hukugy bolan adamlar üçin-de deň derejede hökmandygyny göz öňünde tutmalydyrlar.

15. Kanuna görä, eger goýumçy ölmek ätiýajy üçin süýşirintgiler bankyndaky goýumyny islän adamsyna ýa-da döwlete bermek hakynda süýşürintgiler bankyna buýruk beren bolsa, onda şol goýum miras galdyrylan emlägiň düzümine girmeýär we ol barada miras almak tertibi hakyndaky düzgünler ulanylmaýar.

Ölmek ätiýajy üçin goýumyň berilmegi baradaky buýruk bu barada wesýetnamada görkezmek arkaly edilen mahalynda hem goýum miras galdyrylan emlägiň düzümine girmeýär. Şeýle ýagdaýda goýum babatynda miras almak hukugy hakynda şahadatnama berilmeýär.

16. Türkmenistanyň RK-nyň 1116-njy, 1117-nji maddalarynda göz öňünde tutulan esaslar boýunça raýatlar kazyýet tertibinde miras almak hukugyndan mahrum edilip bilner.

Şeýle işleri çözenlerinde, kazyýetler aşakdakylary göz öňünde tutmalydyrlar:

a) Mirasdar tarapyndan miras galdyryja ýa-da onuň mirasdarlarynyň birine garşy jenaýat kanuny esasynda yzarlanýan etmişiň edilendigi kanunda bellenen tertipde tassyklanan bolmalydyr;

b) mirasdaryň ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilendigi kazyýetiň ozal çykaran kanuny güýje giren çözgüdi bilen tassyklanylan bolmalydyr;

ç) miras galdyryjyny ekläp-saklamak boýunça borçlary ýerine ýetirmekden bilkastlaýyn boýun gaçyrylanlygy kazyýetiň hökümi ýa-da aliment tutup almak hakyndaky raýat işiniň maglumatlary bilen ýa-da miras galdyryjyny ekläp-saklamak boýunça borçlary ýerine ýetirmekden boýun gaçyrmagyň bilkastlaýyn häsiýetini tassyklaýan beýleki getirilip berlen subutnamalar bilen tassyklanylan bolmalydyr.

17. Bergidarlaryň miras galdyryjynyň bergilerini mirasy kabul eden mirasdarlardan tutup almak baradaky talaplaryna seredilende, kazyýetler aşakdakylary göz öňünde tutmalydyrlar:

a) miras galdyrjynyň bergidarlar tarapyndan miras galdyrylan emläge talap bildirilmegi üçin Türkmenistanyň RK-nyň 1287-nji maddasynda bellenilen alty aýlyk möhlet miras galdyryjynyň borçlaryndan gelip çykýan talaplara degişlidir.

Bu möhlet üçünji taraplaryň emläge eýeçilik hukugyny ykrar etmek we özüne degişli emlägi alyp bermek hakyndaky hak isleglerine degişli däldir;

b) miras galdyryjy kesellän wagtynda oňa seretmek, ony jaýlamak, şeýle hem miras galdyrylan emlägi goramak we dolandyrmak üçin edilen çykdajylaryň öwezini dolmak hakyndaky talaplar babatynda hak islemek wagtynyň Türkmenistanyň RK-nyň 149-njy maddasynyň 2-nji böleginde göz öňünde tutulan umumy möhletleri ulanylýar.

18. Ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak hak islegi boýunça jogap beriji bolup durýan adamyň ölmegi iş boýunça önümçiligi ýöretmegiň Türkmenistanyň RIÝK-nyň 259-njy maddasynyň 6-njy bendi esasynda ýatyrylmagyna esas bolup bilmez, sebäbi Türkmenistanyň RK-nyň 1283-nji, 1291-nji maddalary şu hukuk gatnaşygy boýunça hukuk kabul edijilige ýol berýär we mirasy kabul eden mirasdarlar miras galdyryjynyň kreditorlarynyň bähbitlerini dolulygyna kanagatlandyrmaga borçludyrlar, emma munuň özi her biriniň alan paýyna barabarlykda bolmalydyr.

19. Mirasdarlaryň emläge hukugy barlygy hakynda çözgüt çykarylanda, döwlet pajy emlägiň umumy gymmatyndan ugur alnyp hasaplanylýar we her bir mirasdardan onuň emläkden alýan paýyna deň ölçeglerde tutulyp alynýar.

20. Kazyýetler miras almak hukuklarynyň notarial edaralary tarapyndan nädogry resmileşdirilen ýa-da Türkmenistanyň RK-nyň 1160-njy maddasynda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda öz üstlerine ýüklenen borçlaryna laýyklykda wezipeli adamlar tarapyndan wesýetnamanyň nädogry tassyklanan ýagdaýlaryna ünsi çekmelidirler, sebäbi şu ýagdaýlar raýatlaryň, döwletiň we hukuk taýdan taraplaryň kanun tarapyndan goralýan hukuklarynyň we bähbitleriniň bozulmagyna getirýär.

21. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň raýat işleri boýunça kazyýet kolllegiýasy , welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri miras almak baradaky işlere dogry seredilmegini üpjün etmek we raýatlaryň eýeçilik hukuklarynyň, şeýle hem kanuna laýyklykda miras almak hukugy boýunça emläk geçmeli bolan döwletiň we hukuk taýdan taraplaryň hukuklarynyň we bähbitleriniň bozulmagyna getirýän ýalňyşlyklary aradan aýyrmak üçin çäreler görmelidirler.

22. Şu kararyň kabul edilmegi bilen Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumynyň 1991-nji ýylyň aprel aýynyň 19-daky “Miras almak baradaky işlere garalanda Türkmenistanyň kazyýetleri tarapyndan kanunçylygyň ulanyş iş ýörelgesi hakyndaky” № 2 we 1995-nji ýylyň oktýabr aýynyň 20-däki belgisiz “Wesýetnama galdyryjynyň arzasy esasynda soňky wesýetnamanyň ýatyrylmagynyň netijeleri barada” kararlaryny güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli, şeýle hem Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumynyň 1996-njy ýylyň dekabr aýynyň 18-däki “Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumynyň kararlaryna üýtgemeler we goşmaçalar girizmek hakyndaky” № 2 kararyndan 10-njy bendi aýyrmaly.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy A.Rahmanow

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy R.Ergeşow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 5

1998-nji ýylyň iýul aýynyň 30-y Aşgabat şäheri

Kazyýet mejlislerini guramaklygy gowulandyrmak we olary alyp barmak medeniýetini ýokarlandyrmak hakynda

(18.12.2010 ý. № 6; 25.07.2015 ý. № 2; 16.07.2016 ý. № 4; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Garaşsyz we Bitarap Türkmenistanda adyl kazyýetliginiň netijeliligini üpjün etmegiň möhüm şerti kanunçylygyň berk berjaý edilmeginde kazyýet mejlislerini dogry guramakdan we alyp barmakdan, kazyýet işiniň medeniýetini ýokarlandyrmakdan ybaratdyr.

Türkmenistanyň kazyýetleriniň köpüsi adyl kazyýetligi kanuna jikme-jik laýyklykda kazyýet kararlarynyň öňüni alyş we terbiýeçilik täsirini üpjün etmek bilen amala aşyrýarlar.

Emma bu wajyp işde kazyýet işleriniň çözülişine zyýanly täsir edýän we kazyýet mejlisleriniň terbiýeçilik ähmiýetini peseldýän ýetmezçilikler hem bar.

Käbir kazyýetler kazyýet mejlislerini taýýarlamaga ýeterlikli jogapkärçilik bilen çemeleşmeýärler, kazyýetiň garamagyna berlen işleri ýüzleý öwrenýärler. Kazyýet mejlisine gatnaşmagy zerur bolmadyk raýatlaryň şaýat hökmünde çagyrylýandygy seýrek däl. Kähalatda, birnäçe işleriň seredilmegi şol bir wagta bellenilýär, kazyýet mejlisleri hiç bir esassyz gijikdirilip başlanýar, işlere seretmekliginiň kanunda bellenen möhletleri bozulýar.

Kazylaryň kazyýet seljerişiniň kanun tarapyndan bellenen düzgünlerini, ylaýta-da kazyýet mejlisiniň taýýarlyk döwründe berjaý etmeklige biperwaýlyk edýän halatlary, kanunyň mejlise gatnaşýan adamlaryň arzalaryny we haýyşlaryny çözmek baradaky talaplarynyň ýerine ýetirilmeýän halatlary duşýar.

Kazyýet mejlisini göwnejaý alyp barmaýan kazylar hem bar, işiň ýagdaýlaryny hemmetaraplaýyn, doly we tarapgöýsüz barlanmagyny üpjün etmeýärler, şeýle hem kazyýet mejlisine gatnaşyjylaryň käbiriniň gödek hereketlerine çäre görmegiň ýerine, kähalatda özleri hem kazyýet mejlisinde gelşiksiz hereketlere ýol berýärler.

Kazyýetler tarapyndan ýeterlikli delillendirilmedik hökümleriň, çözgütleriň, kesgitnamalaryň we kararlaryň çykarylýan halatlary has ýygy duşup başlady. Köplenç ýagdaýda olarda jenaýatyň maddalaşdyrylyşy esaslandyrylmaýar, kabul edilen çözgüdiň hukuk taýdan delillendirilmesi getirilmeýär.

Kazylaryň kazyýet mejlisiniň teswirnamasynyň doly we takyk düzülmelidigine üns bermeýän halatlary heniz hem bar. Köplenç teswirnamalarda RIÝK-nyň 268-nji maddasynda we JIÝK-nyň 121-nji maddasynda aýdylýan ýagdaýlaryň hemmesi görkezilmeýär.

Jenaýatlaryň we beýleki bir kanun bozmalaryň edilmegine ýardam beren sebäpleri we şertleri ýüze çykarmak we öwrenmek üçin çäreler kazyýet derňewiniň dowamynda hemme işler boýunça görülmeýär.

Işlere göçme kazyýet mejlisinde seretmek meselesi çözülende, kazylar köplenç şol işiň jemgyýetçilik ähmiýetini we möhümligini (aktuallygyny), raýat jedeliniň ýa-da edilen jenaýatyň häsiýetini, kazyýetde işine seredilýäniň, hak isleýjiniň, jogap berijiniň şahsyýetini we başga wajyp ýagdaýlary nazara almaýarlar, şol sebäpli hem aslynda göçme kazyýet mejlisinde seredilmegi maksada laýyk bolmadyk işler göçme kazyýet mejlisinde seretmeklige bellenilýär. Göçme kazyýet mejlisleriniň, olara taýýarlygyň ýaramazlygy sebäpli bökdelmegi adyl kazyýetligiň abraýyna uly zeper ýetirýär.

Ýokarda durýan kazyýetleriň kazylary ýerlerde bolanlarynda kazyýet mejlislerine seýrek gatnaşýarlar we kazylara kazyýet mejlisleriniň terbiýeçilik wezipesini üpjün etmek üçin zerur kömegi hemişe bermeýärler.

Käbir kazyýetler işlere nägilelik we gözegçilik tertibinde seredenlerinde aşakdaky durýan kazyýetler tarapyndan maddy we iş ýörediş kanunçylygynyň bozulan ýagdaýlaryna hemişe täsir etmeýärler we olaryň özleriniň hem ýalňyşlyklara we kanun bozmalara ýol berýän halatlary az däl.

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy

K A R A R E D Ý Ä R :

1. Kazylar kazyýet mejlislerini guramakda we geçirmekde bar bolan kemçilikleri aradan aýyrmak, kanun bozmalaryň öňüni almak, kazyýet işini kämilleşdirmek, işiň medeniýetliligini ösdürmek boýunça çäreler görmelidirler.

Işlere seretmeklik we çözmeklik kazyýetler tarapyndan kanunçylygyň berk berjaý edilmegi esasynda, maddy we iş ýörediş kanunçylyga doly laýyklykda geçirilmelidir.

1^1. Adyl kazyýetlik amala aşyrylanda kazylar we kazyýet oturdaşlary her bir kazyýet mejlisinde ýörite geýimi (mantiýany) geýmelidirler we ony geýenlerinde "Kazylaryň kazyýet mejlisinde ýörite geýimi (mantiýany) geýmegiň tertibinde" bellenenlere pugta üns bermelidirler, şeýle-de Kazylaryň ýörite geýiminiň Teswirinde bellenen tertibe laýyklygy, ony geýmegiň we saklamagyň aýratynlyklary berjaý edilmelidir.

Ýörite geýimiň adyl kazyýetligiň amala aşyrylmagynda kazyýet mejlisiniň geçirilmeginiň medeniýetini has-da ýokarlandyrmagyň, kanunylygy hem-de hukuk tertibini pugtalandyrmak işinde kazylaryň jogapkärçiligini güýçlendirmegiň, döwletiň we jemgyýetiň hem-de her bir adamyň adyl kazyýetlige ynamyny ýokarlandyrmagyň ruhy-aň serişdesi hökmünde çykyş edýändigi her bir kazynyň hemişe üns merkezinde bolmalydyr.

1^2. Türkmenistanyň ähli kazyýetlerinde, kazyýet mejlisinde adyl kazyýetligiň ygtyýarlygyny, kazyýet mejlisinde iş ýörediş tertibiniň üpjün edilmegini we kazyýet kararlarynyň kabul edilmegini alamatlandyrylýan resmi nyşan hökmünde adyl kazyýetligiň çekiji ulanylmalydyr.

Adyl kazyýetliginiň çekiji birinji basgançakly kazyýetde, nägilelik we gözegçilik tertibinde, şeýle hem täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça kazyýet işlerine seredilende şu aşakdaky ýagdaýlarda:

1) kazyýet mejlisi açyk diýlip yglan edilende;

2) kazyýet mejlisinde arakesme yglan edilende;

3) kazyýet mejlisinde tertibi ýola goýmakda;

4) kazyýet maslahat otagyna gidende;

5) kazyýet mejlisi ýapyk diýlip yglan edilende ulanylmalydyr we ol kazyýet mejlisinde diňe başlyklyk ediji kazy tarapyndan urulmalydyr.

2. Her bir işiň dogry we öz wagtynda çözülmegini üpjün etmek maksady bilen hemme işler boýunça taýýarlyk çäreleriň degişli derejede geçirilmeginiň hökmanydygyny kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

Işlere seretmeklik olaryň çylşyrymlylygy we kazyýet mejlisine çagyrylmaly adamlaryň sany nazara alnyp, belli bir sagada bellenilmelidir. Şunda diňe işiň ýagdaýlaryny doly, hemmetaraplaýyn we tarapgöýsüz barlamak üçin hakykatdan hem zerur bolan adamlary kazyýete çagyrmak gerek. Kazyýet mejlisini edil bellenen wagtynda açmak zerurdyr.

3. Iş boýunça başlyklyk edýäniň iş ýörediş kanunçylygynyň ähli talaplaryny berjaý etmeginiň, kazyýet mejlisini başarnykly, oýlanyşykly we edepli alyp barmagynyň diňe bir iş boýunça ýagdaýlaryň degişli derejede barlanmagyny we hakykatyň anyklanmagyny üpjün etmän, eýsem kazyýet mejlisiniň terbiýeçilik ähmiýetini hem üpjün edýändigine kazylaryň ünsüni çekmeli.

Iş boýunça başlyklyk ediji kazyýet mejlisine gatnaşýan adamlaryň kanun tarapyndan özlerine berlen hukuklaryny hakykat ýüzünde amala aşyrmaklaryny üpjün etmäge, mejlise gatnaşyjylaryň hukuklarynyň deňligini kepillendirýän maddalary gyşarnyksyz berjaý etmäge borçludyr.

4. Kazyýetleriň hökümleri, çözgütleri, kesgitnamalary we kararlary diňe bir kanuny we esasly bolman, eýsem delillendirilen, sowatly düzülen hem-de mejlise gatnaşyjylaryň we kazyýet mejlisiniň jaýyndaky raýatlaryň hemmesine düşnükli bolmalydyr.

Kazylar kätipler tarapyndan düzülýän teswirnamanyň hiliniň gowulanmagy, onda kazyýetiň kazyýet seljerişiniň bütin dowamynda eden hereketleriniň ählisiniň jikme-jik görkezilmegi üçin çäreleri görmelidirler.

5. Göçme kazyýet mejlisiniň her biri ykjam taýýarlanylmalydyr, onda serediljek iş dogry seçilip alynmalydyr (olaryň jemgyýetçilik ähmiýeti we möhümligi (aktuallygy), edilen jenaýatyň häsiýeti, kazyýetde işine seredilýäniň, hak isleýjiniň, jogap berijiniň şahsyýeti, beýleki wajyp ýagdaýlar nazara alynmalydyr) we şol işler kanuna doly laýyklykda çözülmelidir.

Jenaýat işlere seretmek boýunça göçme kazyýet mejlisleri kanun bozmanyň bolan ýerinde, kazyýetde işine seredilýäniň işleýän ýa-da ýaşaýan ýerinde geçirilmelidir, olar barada raýatlara we jemgyýetçilige giňden habar berilmelidir.

Kazyýetiň göçme mejlisiniň terbiýeçilik we öňüni alyş täsirini ýokarlandyrmak üçin şol mejlise prokuroryň ýa-da onuň orunbasarynyň gatnaşmaklarynyň ähmiýeti uludyr.

6. Kazyýet derňewiniň dowamynda jenaýatlaryň edilmegine ýa-da raýat jedelleriniň döremegine ýardam eden sebäpleri we şertleri ýüze çykarmaklyga we barlamaklyga üns berilmegi möhümdir.

7. Nägilelik we gözegçilik kazyýet basgançaklary kanun bozmalaryň, iş ýörediş ýöntemleşdirmegiň, kazylaryň özüni edepsiz alyp baryşynyň bir ýagdaýynahem göz ýummaly däldirler we olaryň geljekde gaýtalanmagynyň öňüni almak üçin çäreleri görmelidirler.

8. Ýokarda durýan kazyýetleriň kazylary ýerlerde bolanlarynda, kazyýet mejlislerine ýygy-ýygydan gatnaşmalydyrlar, kazyýet mejlisiniň geçirilişiniň medeniýetine, kazyýetler tarapyndan iş ýörediş kanunçylygynyň kadalarynyň berjaý edilişine, iş ýörediş resminamalarynyň düzülişiniň dogrulygyna köpräk üns berip, kazylara zerur kömekleri bermelidirler

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy A.Rahmanow

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy R.Ergeşow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 6

1998-nji ýylyň iýul aýynyň 30-y Aşgabat şäheri

Türkmenistanyň kazyýetleri tarapyndan jeza çäresiniň birnäçe jenaýat edilende we birnäçe höküm boýunça bellenilişiniň iş tejribesi hakynda

(12.08.2006 ý. № 3; 28.07.2012 ý. № 1; 25.07.2015 ý. № 2; 08.12.2018 ý. № 7; 18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3; 19.10.2024 ý. № 9; 19.07.2025 ý. № 4; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen)

Plenum jenaýat kanunynyň jenaýatlaryň jemi boýunça we hökümleriň jemi boýunça jeza bellemegiň esaslaryny we düzgünlerini göz öňünde tutýan kadalaryny Türkmenistanyň kazyýetleriniň, esasan, dogry ulanýandyklaryny belleýär.

Şonuň bilen birlikde-de, käbir işler boýunça birnäçe jenaýat etmekde günäkär bolan ýa-da öňki höküm boýunça bellenen jezasyny doly çekip gutarmanka täze jenaýat eden adamlara jeza bellenilende kazyýetler tarapyndan ýalňyşlyklar goýberilýär.

Kazyýetler käwagtlar bir adam tarapyndan birnäçe jenaýatyň edilmeginiň jemgyýet üçin howplulygynyň has ýokarydygyna üns bermeýärler, şol sebäpli hem olaryň kanun tarapyndan berlen, aýry-aýry jenaýatlar üçin bellenilýän jezalary bölekleýin ýa-da dolulygyna goşmak mümkinçiligini ulanmaýan halatlary-da bar.

Birnäçe höküm boýunça jeza bellenilende, kähalatda ozalky we soňky edilen jenaýatlaryň häsiýeti we jemgyýet üçin howplulyk derejesi, günäkäriň şahsyýeti hem-de jogapkärçiligi agyrlaşdyrýan we ýeňilleşdirýän beýleki ýagdaýlar kazyýetler tarapyndan ýeterlik derejede nazara alynmaýar. Käbir halatlarda kanunyň täze edilen jenaýat üçin bellenilen jezanyň üstüne öňki höküm boýunça bellenilen jezanyň çekilip gutarylmadyk bölegini doly ýa-da bölekleýin goşmak hakyndaky talaby ýerine ýetirilmeýär.

Jenaýatlaryň jemini hökümleriň jeminden tapawutlandyrmakda, jezalar birikdirilende hem-de goşulanda öňki höküm boýunça bellenilen jezanyň çekilip gutarylmadyk bölegini hasaplap çykarmakda ýalňyşlyklar goýberilýär. Kazyýetler jenaýatlaryň jemi boýunça jeza bellänlerinde dürli görnüşli jezalary goşmak, şeýle hem Türkmenistanyň JK-nyň 62-nji we 63-nji maddalarynda göz öňünde tutulan jeza bellemegiň beýleki käbir düzgünlerini ulanmak meselelerini dürlüçe çözýärler.

Işlere nägilelik we gözegçilik tertibinde seredýän kazyýetleriň jenaýatlaryň we hökümleriň jemi boýunça jeza bellenilende kazyýetler tarapyndan goýberilýän ýalňyşlyklary ýüze çykarmaýan, düzetmeýän halatlary-da bar.

Ýalňyşlyklary aradan aýyrmak, şeýle hem Türkmenistanyň JK-nyň 62-nji we 63-nji maddalaryny ulanmakda birmeňzeşligi üpjün etmek maksady bilen, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy

K A R A R E D Ý Ä R :

1. Kazyýetleriň Türkmenistayň JK-nyň jenaýatlaryň jemi boýunça we hökümleriň jemi boýunça jeza bellemegiň esaslaryny we düzgünlerini göz öňünde tutýan 62-nji we 63-nji maddalarynyň talaplaryny berk berjaý etmekleri zerurdyr, sebäbi jenaýat kanunynyň şu kadalarynyň gyşarnyksyz ulanylmagy, birnäçe jenaýat etmekde ýa-da öňki höküm boýunça bellenilen jezasyny doly çekip gutarmanka täze jenaýat etmekde günäkär adamlar babatynda jezany tapawutlandyrmak we aýrybaşgalaşdyrmak ýörelgelerini üpjün etmegiň esasy şertleriniň biridir.

2. Jeza bellemegiň Türkmenistanyň JK-nyň 62-nji maddasynda göz öňünde tutulan düzgünleriniň bir adam tarapyndan edilen etmişli hereketleriň Jenaýat kodeksiniň aýratyn böleginiň dürli maddalary boýunça maddalaşdyrylan halatynda, şonuň ýaly hem Türkmenistanyň JK-nyň şol bir maddasynyň özbaşdak jenaýat düzümini we jeza çäresini göz öňünde tutýan dürli bölekleri ýa-da bentleri boýunça maddalaşdyrylan halatynda-da ulanylýanlygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli. Bir adam tarapyndan edilen hereketleriň biriniň gutarnykly jenaýat hökmünde, beýlekileriň bolsa jenaýata taýýarlyk, jenaýat kastyna düşmek ýa-da jenaýata şärikçilik hökmünde maddalaşdyrylan halatynda-da şu düzgünler boýunça jeza bellenilmelidir.

3. Öňçakly berk bolmadyk jezany has berk jezanyň gurşap almagy ýa-da olaryň bölekleýin ýa-da dolulygyna goşulmagy arkaly jenaýatlaryň jemi boýunça jeza bellemek meselesi çözülende, kazyýetler jenaýatlaryň her biriniň häsiýetini we jemgyýet üçin howplulyk derejesini, günäkärleriň şahsyýetini, jogapkärçiligini ýeňilleşdirýän we agyrlaşdyrýan ýagdaýlary, şeýle hem şol adam tarapyndan edilen jenaýatlaryň hemmesi bilelikde alnanda howplulygyň has ýokarydygyny nazara almalydyrlar.

Türkmenistanyň JK-nyň 62-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, eger jenaýatlaryň jemine uly bolmadyk agyr ýa-da ortaça agyr jenaýatlar girýän bolsa, onda jenaýatlaryň jemi boýunça jeza bellenilende, öňçakly berk bolmadyk jezany has berk jeza bilen gurşap almak, şonuň ýaly-da olary bölekleýin ýa-da dolulygyna goşmak ýörelgeleriniň ikisi hem ulanylyp bilner. Şunda gutarnykly jezanyň amala aşyrylan jenaýatlaryň iň agyry üçin göz öňünde tutulýan jezanyň iň ýokary möhletinden ýa-da möçberinden ýokary bolup bilmeýändigi baradaky şert üýtgewsiz galýar.

Agyr we aýratyn agyr jenaýatlaryň jemi boýunça jeza bellemek (Türkmenistanyň JK-nyň 62-nji maddasynyň 3-nji bölegi) hakyndaky mesele başgaça çözülýär. Şeýle ýagdaýda azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki gutarnykly jeza diňe jezalaryň bölekleýin ýa-da dolulygyna goşulmagy arkaly bellenilýär we azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki gutarnykly jeza amala aşyrylan jenaýatlaryň iň agyry üçin göz öňünde tutulan iň ýokary jezadan ýokary bolup bilmez.

Birnäçe jenaýat ýa-da höküm boýunça düzediş işleri görnüşindäki jeza bellenende, Türkmenistanyň JK-nyň 62-nji, 63-nji maddalarynda göz öňünde tutulan düzgün boýunça düzediş işleriniň diňe möhletleri goşulyp bilner. Zähmet hakyndan tutulýan möçberleri goşulmaga degişli däldir.

4. Kazyýetde işine seredilýäni birnäçe jenaýaty etmekde günäkär diýip bilende kazyýet Türkmenistanyň JK-nyň 62-nji maddasyna we Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 424-nji maddasyna laýyklykda, hökümiň karara gelinýän böleginde esasy we goşmaça jezanyň görnüşini we möçberini her bir jenaýat üçin aýratyn görkezmelidir.

Şunda jenaýatlaryň jemi boýunça jeza bellenilende Türkmenistanyň JK-nyň 64-nji maddasynda göz öňünde tutulan düzgünler boýunça kanunyň dürli görnüşli jezalary goşmaga mümkinçilik berýänligini kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

5. Kazyýetler birnäçe höküm boýunça jeza bellenilende, Türkmenistanyň JK-nyň 63-nji maddasyna laýyklykda, täze höküm boýunça bellenilen jeza çäresine öňki höküm boýunça bellenilen jeza çäresiniň çekilip gutarylmadyk böleginiň dolulygyna ýa-da bölekleýin birikdirilýändigini nazara alyp, jezanyň iş kesilen tarapyndan çekilip gutarylmadyk bölegini dogry anyklamalydyrlar.

Kazyýet Türkmenistanyň JK-nyň 63-nji maddasynyň düzgünleri boýunça jeza bellände, hökümiň karara gelinýän böleginde täze amala aşyrylan jenaýat üçin, jezanyň görnüşini we möçberini, jenaýatlaryň jemi boýunça bolsa gutarnykly jezany görkezmelidir.

Hökümleriň umumy jemi boýunça azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki gutarnykly jeza, soňky höküm boýunça jenaýat üçin jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan jezanyň iň ýokary möhletinden artyk bolup biler, ýöne on bäş ýyldan, hökümler boýunça jenaýatlara aýratyn agyr jenaýat girýän bolsa, ýigrimi bäş ýyldan köp bolmaly däldir.

Eger iş boýunça höküm çykarylandan soň iş kesilen adamyň birinji iş boýunça höküm çykarylmazyndan öň başga jenaýat etmekde hem gunäkärdigi takyklanylsa, onda jeza bermek edil şol düzgünler boýunça bellenilýär. Şu halatda birinji höküm boýunça çekilen jeza möhleti berlen jezanyň gutarnykly möhletine hasap edilýär (Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 62-nji maddasynyň 5-nji bölegi).

Hökümleriň jemi boýunça jeza bellemek hakyndaky mesele çözülende, azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki gutarnykly jeza, edilen jenaýatlaryň iň agyry üçin göz öňünde tutulan iň ýokary jezadan ýokary bolup bilmeýändigini kazyýetlere düşündirmeli. Hökümleriň jemi boýunça jeza bellenilende gutarnykly jezanyň täze amala aşyrylan jenaýat üçin bellenilen jezadan, şeýle hem öňki höküm boýunça jezanyň çekilip gutarylmadyk böleginden köp bolmalydygy baradaky düzgün saklanylýar.

Eger adam iş kesilenden soň, onuň şu höküm çykarylmazyndan biri öň, biri bolsa soň amala aşyrylan jenaýatlarda günäkärdigi takyklansa, täze höküm boýunça jeza jenaýatlaryň jemi (Türkmenistanyň JK-nyň 62-nji maddasy) şeýle-de hökümleriň jemi boýunça (Türkmenistanyň JK-nyň 63-nji maddasy) bellenilýär.

6. Öňki höküm boýunça jezanyň çekilip gutarylmadyk bölegini täze höküm boýunça bellenilen jeza çäresine doly ýa-da bölekleýin birikdirmek meselesi

çözülende, kazyýetler kanunyň jezanyň çekilip gutarylmadyk bölegi diýip hasap etmekligi kesgitleýän aşakdaky talaplaryny gollanmalydyrlar:

adamyň täze jenaýaty amala aşyrandygy üçin saklanan we tussag astyna alnan pursatyna çenli hakyky azatlykdan mahrum etmekligiň çekilmän galan bölegi;

Türkmenistanyň JK-nyň 67-nji maddasy ulanylyp, şertleýin iş kesileninde, şeýle hem Türkmenistanyň JK-nyň 77-nji maddasy ulanylyp, hökümi ýerine ýetirmeklik yza süýşürilende, bellenilen jezanyň hemme möhleti (ätiýaçlyk ýa-da saklamak tertibinde tussag astynda saklanylan wagty muňa girmeýär);

iş kesilen jezadan şertleýin-möhletinden öň boşadylanda jezanyň onuň boşadylan gününe çenli çekilmän galan bölegi;

Günä geçmek namasy netijesinde ýa-da Türkmenistanyň JK-nyň 75-nji, 76-njy maddalarynda göz öňünde tutulan esaslar boýunça iş kesileniň jezasynyň çekilmän galan bölegi jezanyň has ýeňilräk görnüşi bilen çalşyrylan iş kesilene hökümleriň jemi boýunça jeza bermek şu has ýeňilräk jeza nazara alnyp bellenilýär.

7. Türkmenistanyň JK-nyň 63-nji maddasyna laýyklykda, jenaýatlaryň jeminde kazyýet her bir jenaýat üçin aýratynlykda jeza belleýär.

Eger kazyýet her bir jenaýat üçin aýratynlykda jeza kesgitläp, ýöne jenaýatlaryň jemi boýunça gutarnykly jeza bellemedik bolsa, onda kazyýetiň hökümi şu esas boýunça diňe, iş kesilene bellenilen jeza iň ýokary däl bolsa we jezalaryň doly ýa-da bölekleýin goşulmagy iş kesileniň ýagdaýynyň ýaramazlaşmagyna we onuň goranmaga bolan hukugynyň bozulmagyna getirýän bolsa sökülip bilner.

Eger birinji basgançakly kazyýet her bir jenaýat üçin jeza bellän bolsa, ýöne şunda jenaýatlaryň jemi boýunça gutarnykly jezany kesgitlemedik bolsa, kazyýetiň hökümdäki bu ýetmezçiligi höküm çykaran kazyýet tarapyndan Türkmenistanyň JIÝK-nyň 480-nji maddasynda göz öňünde tutulan tertipde, eger şonda iş kesileniň ýagdaýy ýaramazlaşmaýan we onuň goranmaga bolan hukugy bozulmaýan bolsa, düzedilip bilner.

Hökümleriň jemi boýunça jeza bellemek zerur bolanda hem, eger hökümleriň biri boýunça iş kesilene bellenen jeza öňki ýa-da soňky höküm boýunça kesgitlenen onçakly berk bolmadyk jezany dolulygyna gurşap alýan bolsa, onda mesele ýokardaka meňzeş çözülýär.

Mundan başga-da, kazyýetler ýerine ýetirilmedik birnäçe höküm bolup, munuň özi wagty boýunça iň soňky hökümi çykaran kazyýete mälim bolmadyk mahalynda, hökümi ýerine ýetirmegiň tertibiniň Türkmenistanyň JIÝK-nyň 474-nji maddasy tarapyndan kesgitlenendigi göz öňünde tutmalydyrlar.

8. Nägilelik ýa-da gözegçilik kazyýet basgançaklary höküm boýunça ulanylan jezany gurşap almak düzgüniniň ýerine olary goşmak düzgünini diňe şu kazyýet basgançaklary tarapyndan bir ýa-da birnäçe jenaýat üçin berlen jeza ýeňledilýän bolsa haklydyr. Şunda soňky kazyýet basgançaklary tarapyndan girizilen üýtgetmeleri nazara alyp bellenilen gutarnykly jeza höküm boýunça bellenilen jezanyň möçberinden ýokary bolmaly däldir.

Eger birinji basgançakly kazyýet tarapyndan birnäçe höküm boýunça jeza kesgitlenende, bir jezany beýleki jeza bilen gurşap almaklyk kanunyň tersine gidilip ýa-da jezanyň çekilip gutarylmadyk möhletini goşmak mümkin däldigi üçin

ulanylan bolsa, nägilelik we gözegçilik basgançakly kazyýet soňky höküm boýunça jezany ýeňleden mahalynda, soňky kazyýet basgançaklary tarapyndan girizilen üýtgetmeler nazara alnyp bellenilen jezanyň höküm boýunça bellenilen jezadan ýokary bolmazlyk şerti bilen, öňki höküm boýunça jezanyň çekilip gutarylmadyk bölegini doly ýa-da bölekleýin goşmaga haklydyr.

9. Jenaýatly etmişli hereketler jenaýat kodeksiniň bir maddasyndan ençakly agyr bolmadyk jenaýatlar üçin jogapkärçiligi göz öňünde tutýan birnäçe maddasyna geçilip maddalaşdyrylan mahalynda, bu hem iş kesileniň ýagdaýyny ýaramazlaşdyrmaýan we onuň goranmak hukugyny bozmaýan bolsa, nägilelik ýa-da gözegçilik basgançakly kazyýet jeza hakyndaky meseläni çözende Türkmenistanyň JK-nyň 62-nji maddasynda göz öňünde tutulan düzgünleri ulanýar. Şunda jenaýatlaryň jemi boýunça bellenilen gutarnykly jeza birinji basgançakly kazyýet tarapyndan bellenilen jezadan berk bolmaly däldir.

10. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işler boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri goýberilýän ýalňyşlyklary öz wagtynda ýüze çykarmagy we düzetmegi üpjün etmek bilen, jenaýat kanunynyň birnäçe jenaýat edilende we birnäçe höküm boýunça jeza bellemegi göz öňünde tutýan kadalarynyň aşakdaky kazyýetler tarapyndan dogry ulanylmagyna degişli derejedäki gözegçiligi üpjün etmelidirler.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy A.Rahmanow

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy R.Ergeşow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 9

1998-nji ýylyň iýul aýynyň 30-y Aşgabat şäheri

Atalygy anyklamak baradaky işlere seredilende Türkmenistanyň kazyýetleri tarapyndan kanunçylygyň ulanylyş iş tejribesi hakynda

(28.07.2012 ý. №1; 25.07.2015 ý. № 2; 16.07.2016 ý. № 4; 08.12.2018 ý. № 7; 17.10.2020 ý. № 11; 17.02.2024 ý. № 3, 18.10.2025 ý. № 10; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen)

Kazyýetler tarapyndan raýat iş ýörediş önümçiliginde seredilýän jedelleriň içinde atalygy anyklamak hakyndaky işler möhüm orny tutýar. Olara seredilişiniň iş ýörelegesini öwrenmeklik kazyýetleriň atalygy anyklamak meselelerini düzgünleşdirýän kanunçylygy esasan dogry ulanýandyklaryny görkezdi. Şonuň bilen birlikde-de kazyýetleriň şu görnüşli işlere seretmek boýunça alyp barýan işinde düşündirilmegini talap edýän meseleler ýüze çykdy. Şonuň üçin atalygy anyklamak hakyndaky işler boýunça kanunçylygyň kazyýetler tarapyndan birmeňzeş we dogry ulanylmagyny üpjün etmek maksady bilen, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy

K A R A R E D Ý Ä R:

1. Kazyýetler Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 71-nji maddasyna laýyklykda, atalygy anyklamagyň kazyýet tertibiniň nikada durmaýan ata-eneden bolan çagalar barada ulanylýandygyny, eger olar çaganyň kimden bolanlygy hakynda Raýat ýagdaýy namalar ýazgysy (RÝNÝ) edaralaryna bilelikde arza bermedik bolsalar şeýle edilýändigini düşündirmeli.

Atalygy anyklamak hakyndaky arza kazyýetiň önümçiligine çaganyň doglanlygy RÝNÝ edaralarynda resmileşdirilenden soň we onuň atasy baradaky ýazgy Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 69-njy maddasyna laýyklykda, ýagny çaganyň atasy hakyndaky ýazgy ejesiniň familiýasy boýunça, çaganyň kakasynyň we atasynyň ady ejäniň görkezmegi boýunça ýazylan dogluş hakyndaky şahadatnama getirilip berlen mahalynda kabul edilip bilner.

Atalygy anyklamak baradaky raýat işlerine maşgala işleri boýunça kazy, olaryň wezipesi bolmadyk ýa-da maşgala işleri boýunça kazy bolmadyk halatynda bolsa, beýleki kazylar tarapyndan umumy tertipde seredilmelidir.

2. Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 74-nji maddasynyň 1-nji böleginde görkezilişine görä, RÝNÝ edaralary tarapyndan ýazylan çaganyň atasy hakyndaky ýazgy çaganyň şol adamdan bolandygynyň subutnamasy bolup durýar. Şonuň üçin hem kazyýetler dogluş hakyndaky ýazgyda çaganyň atasy diýip belli-anyk bir adam

görkezilen bolsa, onda atalygy anyklamak baradaky arzany öz önümçiligine almaly däldirler.

3. Eger-de käbir ýagdaýlara görä, çaganyň atasy diýip başga biri ýazylan bolsa, onda atalygy anyklamak baradaky arza diňe şol ýazgyny hakyky däl diýip bilmek baradaky talap arza bilen bilelikde ýa-da ondan soňra berlip bilner.

Şunuň ýaly ýagdaýlarda hak islegi çaganyň atasy diýip ýazylan adama bildirilmelidir.

4. Atalygy anyklamak hakyndaky işlere kazyýetler Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 71-nji maddasynyň 1-nji böleginde görkezilen adamlaryň arzasy boýunça hak islegi önümçiligi tertibinde seredýärler. Şundan gelip çykyşyna görä, bu işler biri-biri bilen nikada durmaýan adamlardan çaga doglan halatynda we olaryň bilelikdäki arzasy ýa-da çaganyň kakasynyň arzasy bolmadyk mahalynda atalyk ata-enäniň biriniň ýa-da çaganyň hossarynyň (howandarynyň) ýa-da çaga eklenjinde durýan adamyň arzasy boýunça ýa-da on sekiz ýaşyna ýeten çaganyň özüniň arzasy boýunça kazyýet tertibinde anyklanylýar. Şeýle adamlar hökmünde çaganyň ýakyn hossarlary (atasy, babasy, enesi, mamasy, daýzasy we ş.m.) ýa-da çagany hakykat ýüzünde terbiýeleýän başga adamlar bolup bilerler.

5. Eger kazyýete ýüz tutulan pursatyna çenli çaganyň atasy bolandygy anyklanýan adam ölen bolsa, ýöne şunda hukuk hakynda jedel ýüze çykmaýan bolsa, onda işe aýratyn önümçilik tertibinde atalygyň ykrar edilendigi baradaky fakty takyklananda seredilmelidir. Eger şeýle jedel (meselem, miras hakynda, ekleýjiniň ölenligi sebäpli ýetirilen zyýanyň öwezini doldurtmak hakynda we ş.m.) ýüze çykýan bolsa, arza kazy tarapyndan seredilmän galdyrylýar we gyzyklanýan adamlara olaryň umumy esaslarda hak islegini bildirmäge hukuklydyklary düşündirilýär.

Şu görnüşli işler boýunça hak islegini bildirmek möhletiniň kanun tarapyndan bellenilmändigi sebäpli, çaga doglandan soň islendik wagt kazyýet tarapyndan atalygy anyklamak bolar. Ýöne şunda kämillik ýaşyna ýeten adamyň atalygyny anyklamaklyga diňe onuň öz razyçylygy bilen, eger ol kämillik ukyby ýok diýip ykrar edilen bolsa, onda onuň hossarlarynyň ýa-da hossarlyk we howandarlyk edarasynyň razyçylygy bilen ýol berilýändigi göz öňünde tutulmalydyr.

6. Atalygyň ykrar edilendiginiň fakty takyklananda Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 71-nji maddasyna laýyklykda, kazyýet çaganyň ejesi bilen jogap berijiniň çaga dogulýança we ondan soň bile ýaşandyklary we umumy hojalyk ýöredendikleri ýa-da çagany bile terbiýeländikleri ýa-da ekläp-saklandyklary ýaly ýagdaýlar ýa-da jogap berijiniň çaganyň atasynyň özüdigini boýun alandygyny ynandyryjylyk bilen tassyklaýan subutnamalar, şeýle hem çaganyň anyk belli bir adamdan gelip çykyşyny tassyklaýan subutnamalar göz öňünde tutulmalydyr.

Jogap berijiniň çaga dogulmanka onuň ejesi bilen bile ýaşanlygy we umumy hojalyk ýöredenligi maşgala gatnaşyklaryna mahsus bolan ýagdaýlaryň: bir jaýda ýaşandyklary, bilelikde naharlanandyklary, biri-biri barada alada edendikleri, bilelikde ulanmak üçin emläk edinendikleri we ş.m. ýagdaýlaryň bolandygy şeýle hem çaganyň anyk belli bir adamdan gelip çykyşyny tassyklaýan subutnamalar bilen tassyklanyp bilner. Taraplaryň şeýle gatnaşyklarynyň çaga dogulmanka bes edilendiginiň bir özi, eger ol göwrelilik başlamanka bes edilmedik bolsa, atalygy

anyklamak hakyndaky hak islegini kanagatlandyrmakdan ýüz döndermek üçin öz-özünden esas bolup bilmez.

Haçan-da çaga ejesi we jogap beriji bilen bile ýaşaýan bolsa ýa-da jogap beriji çaga bilen gatnaşyp, ol barada atalyk aladasyny edýän we oňa üns berýän bolsa, onda bu çaganyň bilelikde terbiýelenýändigi bolýar.

Çagany ejesiniň we jogap berijiniň bilelikde saklamagy diýip çagany olaryň ekläp-saklamagyna ýa-da jogap berijiniň çagany eklemäge, edýän çykdajysynyň möçberiniň näçedigine garamazdan, kömek bermegine düşünilmelidir.

Atalygyny boýun alandygynyň subutnamalary diýip jogap berijiniň hatlary, onuň anketalary, arzalary we jogap berijiniň özüni çaganyň atasy diýip boýun alandygyny ynandyryjylyk bilen tassyklaýan beýleki hakykatda bar bolan maglumatlar hasap edilip bilner. Şonuň ýaly boýun almaklyk çaganyň ejesiniň göwreli wagty (meselem, çaga edinmek höwesi, boljak çaganyň ejesi baradaky alada we başgalar), şeýle-de çaga doglandan soň ýüze çykarylyp bilner.

Zerur ýagdaýlarda, çaganyň kimden bolandygy bilen baglanyşykly ýüze çykýan meseleleri düşündirmek üçin, kazyýet iş boýunça ýagdaýlary nazara alyp, kazyýet-lukmançylyk bilermenler seljermesini belläp biler.

7. Çaganyň atalygyny anyklamak hakyndaky hak islegi bilen bir wagtda çaga üçin aliment töledip almak hakyndaky talap hem bildirilip bilner. Şeýle ýagdaýlarda aliment töletdirip almak hak islegi bildirilen gününden başlap alnyp berilýär.

Atalygy anyklamak we aliment töletdirip almak hakyndaky hak islegi bilen hak isleýji jogap berijiniň ýaşaýan ýerindäki kazyýete hem, öz ýaşaýan ýerindäki kazyýete hem ýüz tutmaga haklydyr.

Eger atalygy anyklamak we aliment töletdirip almak hak islegi bildirilen adamyň bolýan ýeri belli bolmasa, hak isleýiş arzasyndan we onuň ýanyna goşulan resminamalardan bolsa Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 71-nji maddasynyň 2-nji böleginde görkezilen ýagdaýlaryň bardygy görünýän bolsa, onda kazyýet şol adamy gözlemegi yglan edip biler (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 115-nji maddasy).

8. Atalygy anyklamak ýa-da aliment töletdirip almak hakyndaky hak islegi nikada durmaýan kämillik ýaşyna ýetmedik eje tarapyndan bildirilende, şonuň ýaly-da bu baradaky hak islegi kämillik ýaşyna ýetmedik adama bildirilende, kazyýet hak isleýjiniň ýa-da jogap berijiniň kanuny wekilini olara kömek bermek üçin işe gatnaşmaga çekmek meselesini ara alyp maslahatlaşmalydyr (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 119-njy maddasy).

9. Atalygy anyklamagyň şertleri we tertibi kanun tarapyndan kesgitlenendir, şol sebäpli hem kazyýetler atalygy anyklamak hakyndaky işler boýunça barlyşyk ylalaşygyny tassyklamaly däldirler.

Eger kazyýet mejlisinde jogap beriji özüni çaganyň atasy diýip bilmek üçin raýat ýagdaýlary namalarynyň ýazgysy edaralaryna arza bermäge razyçylyk bildirse, onda kazyýet şol işe seretmekligi belli bir möhlet bilen gaýra goýmaga haklydyr. Atalygy anyklamak hakyndaky ýazgy esasynda berlen dogluş hakyndaky şahadatnama kazyýete getirilip berlen mahalynda, Türkmenistanyň RIÝK-nyň 259-njy maddasynyň 1^1-nji bendine laýyklykda, iş boýunça önümçiligi ýöretmeklik bes edilmäge degişlidir, ýöne kazyýet hak islegini bildiren adamyň talaby boýunça aliment töletdirip almak hakyndaky jedeli çözmäge haklydyr.

10. Kazyýet çözgüdiniň karara geliş böleginde atalygy anyklamak namasyny raýat ýagdaýlary namalarynyň ýazgysy edaralarynda resmileşdirmek üçin zerur bolan maglumatlar hem (çaganyň kakasynyň we atasynyň ady, kakasynyň familiýasy, doglan güni, aýy, ýyly, milleti, hemişelik ýaşaýan ýeri we işleýän ýeri baradaky) bolmalydyr.

Atalygy anyklamak we aliment töletdirip almak hakyndaky bir wagtda seredilen talaplar kanagatlandyrylanda, çözgüdiň aliment töletdirip almak baradaky bölegini haýal etmän ýerine ýetirmek meselesi Türkmenistanyň RIÝK-nyň 250-nji maddasynyň düzgünleri nazara alnyp çözülýär.

11. Biri-biri bilen baglanyşykly bolan, çaga üçin aliment töletdirip almak hakyndaky we atalyk hakyndaky ýazgy barada jedel gozgamak hakyndaky hak isleglerine, düzgün bolşuna görä, bir önümçilikde seredilmelidir.

Atasy anyklanan çagalar üçin aliment töletdirip almak, töletdirilip alynýan alimentiň möçberini azaltmak hakyndaky ähli meseleler umumy esaslarda çözülýär.

12. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň raýat işler boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri atalygy anyklamak hakyndaky işlere seredilişiniň iş tejribesini yzygiderli öwrenmelidirler we şu görnüşli işlere seredilende kazyýetler tarapyndan goýberilýän ýalňyşlyklary düzetmek boýunça çäreleri görmelidirler.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy A.Rahmanow

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy R.Ergeşow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 5

1999-njy ýylyň iýul aýynyň 22-si Aşgabat şäheri

Azatlykdan mahrum etmek bilen bagly bolmadyk jeza çäreleriniň bellenişiniň iş tejribesi hakynda

(03.11.2000 ý. 12.08.2006 ý. № 3; 28.07.2012 ý. № 1; 25.07.2015 ý. № 2; 16.07.2016 ý. № 4; 08.12.2018 ý. № 7; 18.12.2021 ý. № 12; 18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3; 19.07.2025 ý. № 4; ; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen)

Türkmenistanyň kazyýetleri tarapyndan azatlykdan mahrum etmek bilen bagly bolmadyk jeza çäreleriniň bellenişiniň iş tejribesini umumylaşdyrmagyň netijelerini ara alyp maslahatlaşyp, Plenum kazyýetleriň şu görnüşli jeza çärelerini bellemekligi düzgünleşdirýän kanunçylygy, esasan, dogry ulanýandyklaryny belleýär.

Şonuň bilen birlikde birnäçe kazyýetleriň işinde şeýle jeza çärelerini bellemek boýunça düýpli kemçilikler we säwlikler bar.

Kanunyň edilen jenaýatlaryň häsiýetini we agyrlygyny (ony amala aşyrmagyň maksadyny we äheňlerini, getiren netijelerini), günäkäriň şahsyýetini we işiň jogapkärçiligi agyrlaşdyrýan we ýeňilleşdirýän ýagdaýlaryny nazara alyp, jeza çäresini bellemegiň zerurdygy baradaky talaplarynyň berk berjaý edilmeýän halatlary hem bar.

Ozal birnäçe gezek iş kesilenlere we jenaýaty guramaçylykly topar bolup eden adamlara-da Türkmenistanyň JK-nyň 58-njy maddasyny ulanmak bilen, şeýle hem kanunyň sanksiýasynda dürli (alternatiw) jeza hökmünde göz öňünde tutulan halatlarynda, azatlykdan mahrum etmek bilen bagly bolmadyk jeza çäresiniň esassyz bellenilýän halatlary bar.

Şunuň bilen bir hatarda jemgyýetçilik howplulygy uly bolmadyk jenaýaty eden we jemgyýetden çetleşdirilmegi zerur bolmadyk adamlara azatlykdan mahrum etmekligiň esassyz bellenilýän halatlary hem duşýar.

Aýry-aýry kazyýetler, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2000-nji ýylyň mart aýynyň 3-ndäki “Türkmenistanyň jenaýat-hukuk syýasatyny ynsanperwerleşdirmek baradaky çäreler hakyndaky” Permany bilen türkmen halkynyň ynsanperwerlik we adamkärçilik taglymatyna esaslanan taryhy däplerini ösdürmek, ynsanperwer hukuk babatda ulanarlykly iş usullaryny emele getirmek, şeýle hem jenaýat eden adamlaryň düzelmegi hem-de gaýtadan terbiýelenmegi boýunça işiň täze görnüşlerini we usullaryny ornaşdyrmak maksadynda, kazyýet iş ýörelgelerine girizmek teklip edilen, belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek görnüşindäki jeza çäresini ulanmaga şertler bar hem bolsa, ony ulanmagyň maksada laýykdygy barada degişli edaralaryň pikirlerini ýazmaça talap etmändirler.

Kazyýetler jeza çäresiniň ýetirilen zyýany düzetmek borjuny üstüne ýüklemek görnüşini örän seýrek ulanýarlar.

Hökümlerde düzediş işiniň ýerine ýetirilmeli ýeriniň görkezilmeýän ýa-da özüniň gulluk ýa hunär borçlaryny ýerine ýetirmek bilen gös-göni baglanyşykly jenaýat eden adamlara düzediş işi görnüşindäki jezany onuň öňki işleýän ýerinde çekdirmekliginiň bellenilýän ýagdaýlary hem bar.

Kämahal bolsa, hökümleriň karara gelinýän böleginde belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmeklige höküm edilen adamyň haýsy wezipede işlemekden ýa-da nähili iş bilen meşgullanmakdan mahrum edilendigi anyk görkezilmeýär, şeýle hem kazyýetler şu görnüşli jeza çäreleriniň şol jenaýat üçin jeza hökmünde kanunyň sanksiýasynda görkezilmedik ýagdaýynda-da, zerur bolsa ony goşmaça jeza hökmünde bellemäge kanun tarapyndan berilýän mümkinçilikden seýrek peýdalanýarlar.

Kazyýetler tarapyndan jeza çäresiniň azatlykdan mahrum etmek bilen bagly bolmadyk beýleki görnüşleri, ýagny harby gulluk boýunça çäklendirme, jerime, emlägi muzdsuz almak, döwlet sylaglaryndan, harby ýa-da beýleki atlardan mahrum etmek ýaly görnüşleri bellenilende-de ýalňyşlyklar goýberilýär.

Welaýat kazyýetleri we Aşgabat şäher kazyýeti azatlykdan mahrum etmek bilen bagly bolmadyk jeza çäresiniň kazyýetler tarapyndan dogry ulanylyşyna, olaryň goýberýän ýalňyşlyklaryny ýüze çykaryp, öz wagtynda düzetmeklige ýeterlik derejede üns bermeýärler. Bu ýagdaýy jeza çäreleriniň esasy maksady jemgyýetçilik howpy uly bolmadyk jenaýaty edenligi üçin iş kesilen adamlary düzetmek we terbiýelemek bolan şu görnüşiniň peýdaly netijeleriniň bardygyna kembaha garalýandygyndan gelip çykýar diýip düşündirmek mümkin.

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy

K A R A R E D Ý Ä R :

1. Kazyýetlere şu bellenip geçilen kemçilikleri aradan aýyrmak üçin çäreleri görmekligi, kanunçylygy gyşarnyksyz berjaý etmekligi we azatlykdan mahrum etmek bilen bagly bolmadyk jeza çäresini ulanmaly bolan halatda iş kesileni düzetmek we terbiýelemek, şeýle hem iş kesilenleriň we başga adamlaryň täze jenaýat etmekleriniň öňüni almak maksatlaryndan ugur almaklygy teklip etmeli.

2. Edilen jenaýatyň agyrlygyna we günäkäriň şahsyýetine laýyk gelmeýän jeza çäresiniň bellenilmeginiň ýol berilmesizdigine, onuň Türkmenistanyň JK-nyň jeza çäresini aýrybaşgalaşdyrmak hakyndaky 55-njy maddasynyň 3-nji, 4-nji böleklériniň talaplaryny berk berjaý etmek bilen ulanylmalydygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli. Şunda agyr jenaýat edenler, residiw jenaýat edenler, şeýle hem jenaýatçylykly toparyň guramaçylary, işjeň gatnaşyjylary barada kanun tarapyndan göz öňünde tutulan berk jeza çäreleri ulanylmalydyr.

Şonuň bilen birlikde-de, kanunyň jemgyýetçilik howpy uly bolmadyk jenaýaty eden adamlar barada azatlykdan mahrum etmek bilen bagly bolmadyk jeza çäresini ulanmaklyga berýän mümkinçiliklerinden doly peýdalanylmalydyr.

3. Edilen jenaýat üçin kanun tarapyndan göz öňünde tutulan aşak çäkden-de pes bolan jezanyň bellenilmeginiň ýa-da jezanyň has ýeňil, ýagny azatlykdan

mahrum etmek bilen bagly bolmadyk görnüşine geçilip bellenilmeginiň diňe iş boýunça bar bolan aýratyn ýagdaýlar bilen günäkäriň şahsyýeti hakyndaky maglumatlary birlikde alanyňda mümkinçilik bar bolsa ulanylýandygy üçin, kazyýet öz höküminde Türkmenistanyň JK-nyň 58-njy maddasyny näme üçin ulanýandygynyň anyk esaslaryny görkezmezden, şu görkezilen ýeňillikleriň ulanylmagyna ýol bermäge haksyzdyr.

4. Jeza çäresini bellemek meselesine hemmetaraplaýyn çemeleşilmelidigini nazara alyp, esas bar halatlarynda jeza çäreleriniň ýetirilen zyýany düzetmek borjuny üstüne ýüklemek görnüşini hem ulanmaklygy kazyýetlere maslahat bermeli.

Türkmenistanyň JK-nyň 43-njy maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, ýetirilen zyýany düzetmek borjunyň ýetirilen zyýany hakykatdan-da aradan aýyrmakdan, maddy we ahlak (moral) taýdan zyýanyň öwezini dolmakdan we ejir çekenden jemagat öňünde ötünç soramakdan ybaratdygy üçin, kazyýet şeýle jeza çäresini bellände, hökümiň karara gelinýän böleginde onuň haýsy görnüşde bolmalydygyny anyk görkezmelidir. Şunda şeýle jezany diňe öz ýetiren zyýanyny düzetmäge günäkäriň ukyplydygyna kazyýetiň göz ýetiren halatynda belläp bolýandygy nazara alynmalydyr. Şu sebäbe görä, kazyýet soňundan hökümiň degişli suratda ýerine ýetirilmeginde bökdençilik bolmazlygy üçin, günäkäriň şol borjy ýerine ýetirip biljekligini-bilmejekligini aýdyňlaşdyrmaga borçludyr.

Ýetirilen zyýany düzetmek borjunyň terbiýeçilik täsirli mejbury çäre hökmünde ulanylýan halatyndan başga ýagdaýda, kämillik ýaşyna ýetmediklere jenaýat jezasy hökmünde bellenip bilinmeýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

5. Jerimäniň Türkmenistanyň Jenaýat kodeksinde göz öňünde tutulan çäklerde, jezanyň bellenen pursatyna çenli Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilen binýatlyk mukdarynyň belli bir sanyna laýyk gelýän möçberde pul töletmekden ybaratdygyny nazara alyp, bu görnüşli jeza günäkäre bellenende kazyýet kökümde diňe bir binýatlyk mukdaryň belli bir sanyny görkezmek bilen çäklenmän, eýsem-de bellenen jerimäniň gutarnykly pul möçberini hem anyk görkezmelidir.

Jerimäniň möçberiniň edilen jenaýatyň agyrlygyna baglylykda, iş kesileniň we onuň maşgalasynyň emläk ýagdaýy nazara alnyp, kazyýet tarapyndan bellenilýändigi sebäpli, ol jezanyň girdejisi bolmadyk adamlara we çagyryş boýunça harby gullukçylara hem ulanylyp bilinýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

Türkmenistanyň JK-nyň 44-nji maddasynyň 4-nji bölegine laýyklykda, eger kazyýet tarapyndan bellenilen jerimäni tölemekden bilkastlaýyn boýun gaçyrylan halatynda, jerime kazyýet tarapyndan şu Kodeksiň Aýratyn böleginiň degişli maddasynda ýa-da onuň degişli böleginde görkezilen jezanyň görnüşleri bilen çalşyrylyp bilner.

6. Belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek görnüşindäki jeza bellänlerinde, kazyýetler jezanyň şu görnüşiniň iş kesilene düýpli täsir edýändigini, onuň hukuklaryny we mümkinçiliklerini çäklendirýändigini, döwlet gullugyny we işiň başga bir görnüşlerini jemgyýete we aýry-aýry raýatlara uly zyýan ýetirýän adamlardan arassalamaga ýardam edýändigini nazara almalydyrlar. Şonuň üçin, haçan-da adam

wezipesi boýunça borçlaryny ýerine ýetirmek bilen ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak bilen bagly bolan jenaýaty edende, şol jenaýat üçin kanunyň sanksiýasynda şeýle jeza göz öňünde tutulmadyk bolsa-da, kazyýet her bir halatda edilen jenaýatyň häsiýetini nazara alyp, günäkäri belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek meselesini ara alyp maslahatlaşmaga borçludyr, sebäbi Türkmenistanyň JK-nyň 45-nji maddasynyň 3-nji bölegi şoňa mümkinçilik berýär.

Şu jeza bellenende hökümiň karara gelinýän böleginde wezipe ýa-da işiň görnüşi anyk görkezilmelidir. Hususan-da, haýsy wezipelerde işlemäge hukuksyzdygyny kesgitlemezden, iş kesileniň ykdysadyýetiň ol ýa-da beýleki bir pudagynda işlemek hukugyndan mahrum edilmegine ýol berilmesizdir.

7. Günäkäriň höküm çykarylýan pursatynda eýýäm öz eden jenaýaty bilen baglanyşykly bolan wezipede işlemeýändigi ýa-da şeýle iş bilen meşgullanmaýandygy agzalan goşmaça jezanyň ulanylmagyna päsgel bermeýär.

Ulag serişdelerini dolandyrmak hukugyndan mahrum etmeklik, şol adamyň eýýäm administratiw tertipde şeýle hukukdan mahrum edilendigine garamazdan, kazyýet tarapyndan goşmaça jeza hökmünde bellenilip bilner.

8. Kazyýetler belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmekliğiň esasy jeza hökmünde bir ýyldan bäş ýyla çenli möhlete, goşmaça jeza hökmünde bolsa bir ýyldan üç ýyla çenli möhlete bellenilýändigi baradaky Türkmenistanyň JK-nyň 45-nji maddasynyň 2-nji böleginiň talaplaryny gyşarnyksyz berjaý etmelidirler.

Türkmenistanyň JK-nyň 83-nji maddasynyň manysyna görä, jezanyň şu görnüşi kämillik ýaşyna ýetmedikler babatynda ulanylmaýar.

9. Düzediş işlerini ulanmak meselesini, esasan-da, kanun şeýle jeza bilen bir hatarda jezanyň başga görnüşlerini hem göz öňünde tutýan halatlarynda, dogry çözmek köp derejede hökümiň hem ýerine ýetirilmegi üçin möhüm ähmiýeti bolan iş kesileniň şahsyýeti hakyndaky maglumatlaryň jikme-jik aýdyňlaşdyrylmagyna baglydyr.

Türkmenistanyň JK-nyň 48-nji maddasynyň 2-nji böleginde görkezilen, iş kesileniň düzediş işlerinde işlemekligine päsgel berip biljek ýagdaýlaryň bardygyny anyklan halatynda, kazyýet oňa jezanyň azatlykdan mahrum etmek bilen bagly bolmadyk başga bir görnüşini bellemek baradaky meseläni çözmelidir.

10. Kazyýetler, düzgün bolşuna görä, gulluk borçlaryny ýa-da hünär borçlaryny ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly jenaýaty eden adamlara (alyjylary aldandyklary üçin iş kesilen satyjylara, özlerine ynanylan maddy gymmatlyklary ýa-da pul serişdelerini eýelän adamlara we başgalara) düzediş işlerini öňki iş ýerinde çekmekligi bellemeli däldirler, sebäbi günäkäriň öňki iş ýerinde galdyrylmagy jezanyň terbiýeleýjilik we oňüni alyjylyk ähmiýetini peseldýär.

Birnäçe jenaýat ýa-da höküm boýunça düzediş işleri görnüşindäki jeza bellenende, Türkmenistanyň JK-nyň 62-nji, 63-nji maddalarynda göz öňünde tutulan düzgün boýunça düzediş işleriniň diňe möhletleri goşulyp bilner. Zähmet hakyndan tutulýan möçberleri goşulmaga degişli däldir.

11. Türkmenistanyň JK-nyň 48-nji maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda, düzediş işlerinde işlemekden zannyýamanlyk bilen boýun gaçyrylan mahalynda,

kazyýet düzediş işleriniň çekilip gutarylmadyk möhletini onuň üç gününi azatlykdan mahrum etmekligiň bir gününe deň diýip hasaplamak bilen, azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki jeza bilen çalşyryp biler.

Şunuň bilen baglylykda, düzediş işlerinde işlemekden zannyýamanlyk bilen boýun gaçyrýan adam diýip, düzgün bozmanyň nähilidigine seretmezden, ýagny ozal hasaba goýlan gününden ýa-da öňki işini goýan pursatyndan soň 15 günüň dowamynda esassyz sebäbe görä işe girmänligi; täze ýere ýaşamaga geçeninden soň 15 günüň dowamynda esassyz sebäbe görä, düzediş işlerini ulanmaklygy alyp barýan edara gelmänligi; bellenen jeza möhletiniň dowamynda sebäpsiz işe gelmänligi; işde serhoş, neşe çeken ýa-da kelläni sämediji gaýry ýagdaýda peýda bolanlygy we başgalar, ýazmaça görnüşde duýduryş yglan edilenden soň jeza çekmekligiň tertibini we şertlerini gaýtadan bozan adam, şeýle hem bolýan ýeri näbelli bolan, ýaşaýan ýerinden gaçyp gizlenen adamlaryň hasap edilýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

Şonuň bilen birlikde-de, boýun gaçyrmaklygyň bolanlygyny-bolmanlygyny, onuň zannyýamanlyk bilen edilenligini ýa-da zannyýamanlykly däldigini we düzediş işleri görnüşindäki jezanyň azatlykdan mahrum etmek bilen çalşyrylmalydygyny-däldigini kazyýet işiň ýagdaýlarynyň jemi boýunça özbaşdak çözýär.

Türkmenistanyň JIÝK-nyň 480-nji maddasyna laýyklykda, düzediş işleriniň çekilip gutarylmadyk möhletini azatlykdan mahrum etmeklik bilen çalşyrmak hakyndaky işlere kazyýet mejlisinde, düzgün bolşuna görä, iş kesileniň gatnaşmagynda seredilmelidir. Diňe iş kesileniň gizlenýändigi ýa-da kazyýete gelmekden boýun gaçyrýandygy barada işde ýeterlik maglumat bar mahalynda, bu mesele kazyýet tarapyndan iş kesileniň ýoklugynda çözülip bilner.

12. Düzediş işlerini ýerine ýetirmegi alyp barýan edaralar tarapyndan kesgitlenilýän ýerlerde çekmeklige bellenen düzediş işlerini ýerine ýetirmek iş kesilen adamyň zähmete ukypsyzlygy üçin däl-de, başga bir sebäbe görä ýerine ýetirip bolmaýan mahalynda, şol düzediş işleri höküm çykaran ýa-da hökümiň ýerine ýetirilýän ýerindäki kazyýet tarapyndan öňki iş ýerinde işletmek bilen çalşyrylyp bilinmez, sebäbi şeýle etmek kanun tarapyndan göz öňünde tutulmandyr. Şeýle çalşyk diňe nägilelik ýa-da gözegçilik tertibinde ýokarda durýan kazyýet tarapyndan geçirilip bilner.

13. Türkmenistanyň JK-nyň 84-nji, 85-nji maddalarynyň umumy düzgünlerden tapawutlylykda, kämillik ýaşyna ýetmedikler üçin jerimäniň we düzediş işleriniň bellenilişiniň aýratynlyklaryny göz öňünde tutýandyklaryna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

14. Harby gulluk boýunça çäklendirmäniň düzediş işlerinden tapawudy, onuň birinjisiniň diňe ofiser düzümine degişli bolan şeýle hem şertnama boýunça harby gullugy geçýän işine seredilýän harby gullukçylara bellenilip bilinýändiginden ybaratdyr. Jezanyň şu görnüşi ýokarda görkezilen görnüşli iş kesilenlere-de, haçan-da, kazyýet işiň ýagdaýlaryny we iş kesileniň şahsyýetini nazara alyp, iki ýyldan köp bolmadyk möhlete azatlykdan mahrum etmegiň ýerine şol möhlete gulluk boýunça çäklendirilmegini maksada laýyk diýip hasap eden mahalynda ulanylyp bilner.

Kazyýetler kazyýetde işine seredilýäniň aýratyn hukuk ýagdaýy bilen Türkmenistanyň JK-nyň aýratyn böleginiň maddasynda jenaýat edilenligi üçin düzediş işleri görnüşindäki jezany görkezýän jeza çäresiniň (sanksiýanyň) bardygy gabat gelip we düzediş işlerini bellemek maksada laýyk diýip hasap edilen mahalynda, şol jezanyň harby gulluk boýunça çäklendirmek görnüşine çalşylyp bellenip bilinýändigini göz öňünde tutmalydyrlar.

"Harby borçlulyk we harby gulluk hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 29-njy maddasyna laýyklykda, borçnama boýunça harby gullugy geçýän adamlar diýip, Türkmenistanyň Goranmak ministrligi (kanun boýunça harby gulluk göz öňünde tutulan beýleki ministrlikler ýa-da pudaklaýyn dolandyryş edaralary) tarapyndan borçnama boýunça harby gulluga kabul etmek barada çözgüt kabul edilen raýatlar hasap edilýärler.

15. Döwlet sylaglaryndan, sylaglaryň aýratyn görnüşlerinden, harby ýa-da beýleki atlardan mahrum etmek, emlägini muzdsuz almak diňe goşmaça jeza hökmünde ulanylýar (Türkmenistanyň JK-nyň 42-nji maddasy).

Emlägi muzdsuz almak iş kesilen adamyň şahsy eýeçiliginde durýan, şeýle hem kanunda gadagan edilen usul bilen edinilen emlägini ýa-da onuň gymmatynyň deň-derejesindäki (ekwiwalent) emlägini döwlet eýeçiligine mejbury ýagdaýda mugt almakdan ybaratdyr (Türkmenistanyň JK-nyň 50-nji maddasy).

Emlägi muzdsuz almaklygyň betnebislik maksatlary bilen amala aşyrylan ortaça agyr, agyr we aýratyn agyr jenaýatlar üçin kesgitlenilýändigini we ol jezanyň diňe jenaýat kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda bellenip bilinýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

Kazyýetiň hökümi boýunça muzdsuz alynmaga degişli bolmadyk emlägiň sanawy Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň goşundysynda görkezilendir.

16. Emläk Türkmenistanyň JIÝK-nyň 228-nji maddasyna laýyklykda, deslapky derňew döwründe tussaga alnan halatlarynda, kazyýet işe seretmek bilen Türkmenistanyň JK-nyň 50-nji maddasynyň 3-nji böleginiň muzdsuz alynmaga degişli däl emläk hakyndaky talaplarynyň berjaý edilendigini-edilmändigini barlamalydyr we şeýle emlägiň ýazga goşulan halatynda, öz kesgitnamasy bilen ony ýazgydan çykarmalydyr we tussagdan boşatmalydyr.

17. Döwlet sylaglaryndan, sylaglaryň aýratyn görnüşlerinden, harby ýa-da beýleki atlardan mahrum etmek hakynda degişli teklip bermek baradaky meseläni çözenlerinde kazyýetler jezanyň bu görnüşiniň bellenmegine günäkäriň şahsyýeti hakyndaky maglumatlary hasaba almak bilen, diňe agyr ýa-da aýratyn agyr jenaýat edilen halatynda ýol berilýändigine üns bermelidirler. Kazyýet şeýle netijä gelende özüniň höküminde Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 46-njy maddasyna salgylanyp, iş kesilen adamy haýsy ordenden, medaldan, hormatly atdan, sylaglaryň aýratyn görnüşlerinden, harby atdan ýa-da belleki atdan mahrum etmek barada Türkmenistanyň Prezidentine teklip berilmelidigi barada takyk görkezmelidir.

Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatynda agyr ýa-da aýratyn agyr jenaýat edenligi üçin iş kesilen adam harby ýa-da beýleki atdan (Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan dakylýan harby ýa-da beýleki atlardan başgasy) kazyýetiň hökümi boýunça mahrum edilip bilner. Şeýle bolanda kazyýetiň kanuny güýje giren höküminiň nusgasy iş kesilene şol ady dakan wezipeli adama

iberilýär, ol bolsa bellenen tertipde degişli resminamalara iş kesileniň görkezilen atdan mahrum edilendigi barada ýazgy girizýär we şeýle ady göterýän iş kesileniň kanunda göz öňünde tutulan hukuk artykmaçlyklaryndan we ýeňilliklerinden peýdalanmazlygy üçin çäreleri görýär hem-de hökümiň ýerine ýetirilendigi barada kazyýete habar berýär.

Türkmenistanyň döwlet sylaglarynyň we hormatly atlarynyň sanawy "Türkmenistanyň döwlet sylaglary hakynda" Türkmenistanyň Kanuny, harby atlar "Harby borçlulyk we harby gulluk hakynda" Türkmenistanyň Kanuny bilen kesgitlenendir.

Ýörite atlar diýip, içeri işler edaralarynyň, gümrük we salgyt gulluklarynyň, diplomatik gullugynyň işgärlerine dakylýan atlaryň we käbir başga atlaryň hasap edilýändigi göz öňünde tutulmalydyr.

Käbir başga atlara prokurorlara, kazylara berilýän hünär derejeleri we başgalar girýärler.

17^{1}. Türkmenistanyň JK-nyň 47-nji maddasyna laýyklykda, hökmany işleriň diňe işleýän ýa-da okaýan iş kesilenler barada ulanylyp bilinýändigini hem-de onuň altmyş sagatdan dört ýüz segsen sagada çenli aralykda kesgitlenip, günde dört sagatdan artyk bellenilip bilinmeýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

Şunda, hökmany işleriň zähmete ukypsyzlara, on alty ýaşyna ýetmedik adamlara, göwreli aýallara we üç ýaşa ýetmedik çagasy bolan aýallara, pensiýa ýaşyna ýeten adamlara we kazyýetiň hökümi kanuny güýjüne giren wagtyna çenli çagyryş boýunça harby gullugy geçýän harby gullukçylara ulanylyp bilinmeýändigine hem üns berilmelidir.

18. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň degişli maddalarynda belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek görnüşindäki jeza esasy jeza hökmünde göz öňünde tutulyp, şol maddalarda görkezilen jenaýatlary eden döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralarynda, döwlet kärhanalarynda, edaralarynda, guramalarynda, jemgiýetçilik guramalarynda wezipe eýeleýän adamlar, şeýle hem harby gullukçylar barasyndaky işlere seredilende 2000-nji ýylyň mart aýynyň 23-däki "Belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek görnüşindäki jenaýat jeza çäresini ulanmagyň tertibi hakyndaky" Türkmenistanyň Kanunynyň talabyna görä, kazyýetde işine seredilýäniň işlän ulgamyndaky edaranyň ýolbaşçysy (mysal üçin, eger işi kazyýetde seredilýän gümrük gullugynda işleýän bolsa, onda Döwlet gümrükhanasynyň başlygy, eger işi kazyýetde seredilýän harby gullukçy bolsa, onda goranmak ministri ýa-da eger işi kazyýetde seredilýän kärdeşler arkalaşygynyň işgäri bolsa, onda Türkmenistanyň kärdeşler arkalaşygynyň merkeziniň başlygy), şeýle hem işe seredilýän ýerdäki welaýatyň ýa-da Aşgabat şäheriniň häkimi tarapyndan gol çekilen, şeýle jezany ulanmagyň maksadalaýykdygy baradaky, günä bildirilenden soň deslapky derňew edaralary tarapyndan alynmaga degişli ýazmaça pikir (onuň nähili atlandyrylýandygynyň ähmiýeti ýok: pikir, netije, haýyşnama, ýüzlenme we ş.m.) kazyýetlerde bolmalydyr.

Eger haýsy hem bolsa bir sebäbe görä, işde şeýle pikir bolmasa, onda kazyýet maslahat jaýyna gitmezden öň ony almalydyr. Şeýle jeza çäresini ulanmagyň maksadalaýykdygy baradaky pikir bilen razylaşmadyk ýagdaýynda, kazyýet belli

bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek görnüşli jeza çäresini ulanmandygynyň delillerini hökümde görkezmäge borçludyr.

Ýokarda görkezilen talaplar azatlykdan mahrum etmek bilen bagly bolan jeza çäresiniň çekilmän galan bölegi belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek görnüşli jeza bilen çalşyrylanda hem berjaý edilmelidir.

19. Eger ýeterlik esas bar bolsa, esasy jeza hökmünde ulanylmagy mümkin bolan azatlykdan mahrum etmek bilen bagly bolmadyk jezalaryň ähli görnüşini-de, Türkmenistanyň JK-nyň Aýratyn böleginiň degişli maddasynda göz öňünde tutulan jezadan has ýeňil görnüşli jeza hökmünde Türkmenistanyň JK-nyň 58-nji maddasyny ulanyp bellemek bolar.

Şunda eger tussaglykda saklanýan iş kesilene düzediş işleri ýa-da harby gulluk boýunça çäklendirme görnüşindäki jeza bellenende, azatlykdan mahrum etmekligiň bir güni düzediş işleriniň ýa-da harby gulluk boýunça çäklendirmegiň üç gününe ýöreýän bolsa (Türkmenistanyň JK-nyň 64-nji maddasynyň 1-nji bölegi), şeýle tussaglykda saklanan iş kesilene jerime, belli bir wezipede işlemek ýa-da belli iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek görnüşindäki jezany bellände, kazyýet onuň tussaglykda saklanan möhletini nazara alyp, bellenen jezany ýeňilleşdirýär ýa-da ony şol jezany çekmekden boşadýar (Türkmenistanyň JK-nyň 65-nji maddasynyň 5-nji bölegi).

Haçan-da haýsydyr bir goşmaça jeza Türkmenistanyň JK-nyň Aýratyn böleginiň maddasynyň jezalandyryş böleginde hökmany bellenilmeli diýip görkezilen halatynda-da, kazyýet Türkmenistanyň JK-nyň 58-nji maddasyny ulanyp, şeýle jezany bellemezlige haklydyr.

20. Kanunyň sanksiýasynda azatlykdan mahrum etmek bilen bir hatarda haýsydyr bir azatlykdan mahrum etmek bilen bagly bolmadyk jeza hem göz öňünde tutulan jenaýat edilen halatynda, eger kazyýet günäkäre azatlykdan mahrum etmekligi bellemek zerur diýip netijä gelse, onda ol öz höküminde azatlykdan mahrum etmek hakyndaky karary kabul etmegine esas bolan sebäpleri görkezmelidir.

21. Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 480-nji maddasyna laýyklykda, zerurlyk ýüze çyksa, kazyýet azatlykdan mahrum etmek bilen bagly bolmadyk jeza bellenende goýberilen aşakdaky kemçilikleri düzetmek hakyndaky meseläni JIÝK-nyň 482-nji maddasynda göz öňünde tutulan tertipde çözmäge haklydyr, sebäbi bu ýagdaýlar hökümiň düýp manysyna täsir etmeýär we iş kesileniň ýagdaýynyň ýaramazlaşmagyna getirmeýär, ýagny kazyýet şeýle tertipde:

- ýetirilen zyýany düzetmek borjunyň görnüşini we bellenen jerimäniň anyk möçberini kesgitlemek barada, eger jeza bellenen wagtynda olar görkezilmedik bolsa;

- eger kazyýetiň höküminde belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek jezasy bellenende wezipe ýa-da işiň görnüşi anyk kesgitlenmedik bolsa, onda wezipäni ýa-da işiň görnüşini aýdyňlaşdyrmak hakyndaky;

- eger höküm çykarylan wagtynda görkezilmedik bolsa, düzediş işlerine iş kesileniň şol jezany çekmeli ýerini we onuň zähmet hakyndan döwletiň haýryna alynmaly tutumyň möçberini kesgitlemek hakyndaky;

- emlägi muzdsuz almagy üpjün etmek çäresi emläk muzdsuz alynmadyk bolsa-da, höküm çykarylanda ýatyrylmadyk bolsa, onda şol çäräni ýatyrmak hakyndaky;

- eger düzediş işleri ýa-da harby gullukda çäklendirme görnüşindäki jezalar bellenende deslapky tussaglykda saklanylan wagt jeza möhletiniň hasabyna alynmadyk bolsa ýa-da hasaplanylanda nätakyklyk goýberilen bolsa, onda tussaglykda saklanylan wagty jeza möhletiniň hasabyna almak hakyndaky we başga meseleleri çözmäge haklydyr.

22. Kazyýetler kazyýet kararlarynyň, şol sanda belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek, jerime, ýetirilen zyýany düzetmek borjuny üstüne ýüklemek, emlägi muzdsuz almak, şeýle hem döwlet sylaglaryndan, sylaglaryň aýratyn görnüşlerinden, harby ýa-da beýleki atlardan mahrum etmek ýaly, azatlykdan mahrum etmek bilen bagly bolmadyk jezalara iş kesilen adamlar hakyndaky hökümleriň ýerine ýetirilişine berk gözegçilik etmelidirler (Türkmenistanyň Jenaýat Ýerine ýetiriş kodeksiniň 17-nji maddasy).

23. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işler boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri azatlykdan mahrum etmek bilen bagly bolmadyk jezalary bellemekligi düzgünleşdirýän kanunçylygyň ulanylyşyna gözegçiligi güýçlendirmelidirler, hökümde goýberilen ýalňyşlyklary öz wagtynda ýüze çykaryp düzetmelidirler. Kazyýetlere azatlykdan mahrum etmek bilen bagly bolmadyk jeza çäreleriniň bellenilişiniň iş tejribesini yzygiderli öwrenmekligi we umumylaşdyrmagy maslahat bermeli.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy Ö.Ataýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy R.Ergeşow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 6

1999-njy ýylyň iýul aýynyň 22-si Aşgabat şäheri

Jelepçilik bilen baglanyşykly jenaýatlar üçin jogapkärçiligi göz öňünde tutýan kanunçylygyň ulanylyşy boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda

(28.07.2012 ý. № 1; 25.07.2015 ý. № 2; 27.12.2016 ý. № 11; 08.12.2018 ý. № 7; 18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3; 19.07.2025 ý. № 4; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Jelepçilik bilen baglanyşykly işler boýunça kazyýet iş tejribesini umumylaşdyrmagyň netijelerini ara alyp maslahatlaşyp, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy şu görnüşli işleri kazyýetleriň, esasan, kanuna laýyk çözýändiklerini belleýär.

Şonuň bilen birlikde, kazyýetleriň işinde görkezilen görnüşli işlere seretmek boýunça henizem kemçilikler bar we ýalňyşlyklar goýberilýär. Kazyýetler türkmen halkynyň ahlak ýörelgelerine we däp-dessurlaryna ters gelýän, biziň jemgyýetimiziň ruhy sütünlerine howply bolan şeýle jenaýatlaryň jemgyýetçilik howpuna häzire çenli hem kembaha garaýarlar we şeýle jenaýatlary etmekde günäkär adamlara kämahal esassyz ýeňil jeza çärelerini belleýärler.

Kazyýetleriň jelepçilik bilen baglanyşykly jenaýatlaryň edilmeginiň sebäplerini we şertlerini öwrenmeýän we olary aradan aýyrmak üçin anyk çäreleri görmeýän halatlary bar.

Nägilelik we gözegçilik basgançakly kazyýetler birinji basgançakly kazyýetler tarapyndan goýberilýän ýalňyşlyklary öz wagtynda ýüze çykarmaýarlar, olary şeýle işler baradaky kanunçylyga dogry we birmeňzeş düşünmeklige hemişe gönükdirmeýärler.

Bellenip geçilen ýetmezçilikleri aradan aýyrmak we jelepçilik bilen baglanyşykly işler boýunça kanunçylygyň birmeňzeş we dogry ulanylmagyny üpjün etmek maksatlary bilen, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy

K A R A R E D Ý Ä R :

1. Jelepçilik bilen meşgullanmak, jelepçilik bilen meşgullanmaga çekmek, azgynlyk etmek ýa-da jelepçilik etmek bilen meşgullanmak üçin jelephanalary guramak ýa-da saklamak, duşuşdyryjylyk etmek, sutenýorlyk (oýnaşyň hasabyna ýaşamak) etmek ýaly jenaýatlaryň biziň jemgyýetimiziň ruhy sütünlerine howp salýandygyny nazara alyp, şeýle jenaýatlary eden adamlar barasyndaky jogapkärçiligiň esassyz gowşadylmagyna ýol bermän, şeýle jenaýatlaryň garşysyna aýgytly göreş alyp barmaklygyň zerurdygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

2. Kazyýetler jelepçilik bilen baglanyşykly işlere seredilende, Türkmenistanyň JIÝK-nyň 23-nji maddasyny berk gollanyp, jelepçilik bilen baglanyşykly jenaýatlary etmekde günäli adamlaryň hemmesiniň jogapkärçilige çekilmelidigine aýratyn üns berip, işiň ýagdaýlaryny hemmetaraplaýyn, doly we tarapgöýsüz barlamak üçin, kanunda göz öňünde tutulan hemme çäreleri görmelidirler.

3. Türkmenistanyň JK-nyň 136-njy maddasynda göz öňünde tutulan, jelepçilik bilen meşgullanmak diýip, pul ýa-da başga bir peşgeş üçin, başga bir adam bilen her hili görnüşde jyns gatnaşygyna girişmeklige, eger ol administratiw temmi berlenden soň bir ýylyň içinde gaýtadan edilen bolsa, düşünmelidigini kazyýetlere düşündirmeli. Şunda günäkäriň hereketlerini maddalaşdyrmak üçin peşgeşiň möçberiniň we häsiýetiniň ähmiýeti ýokdur.

4. Jelepçilik bilen meşgullanmaga çekmek-bu adamda jelepçilik bilen meşgullanmaga isleg döretmeklik, aýallary öz tenleriniň söwdasyny etmeklige çekmek, yrmak, meýil döretmek, mejbur etmekdir.

Türkmenistanyň JK-nyň 137-nji (jelepçilik bilen meşgullanmaga çekmek), 138-nji (azgynlyk etmek ýa-da jelepçilik bilen meşgullanmak üçin jelephanalary guramak ýa-da saklamak), 139-njy (duşuryjylyk etmek), 140-njy (sutenýorluk etmek) we 155-nji (kämillik ýaşyna ýetmedik adamy jelepçilik bilen meşgullanmaga çekmek) maddalarynda gaýtalanan diýip, şol maddalarda göz öňünde tutulan jenaýatlaryň haýsydyr birini öň eden adam tarapyndan edilen jenaýat hasap edilýär. Şunda eger jenaýat eden adam ozalky eden jenaýaty üçin jenaýat jogapkärçiliginden ýa-da jezasyndan boşadylan bolsa, ýa-da şol jenaýatlary üçin iş kesilenlik aýby öz-özüňden ýa-da kanun tarapyndan bellenen tertipde aýrylan bolsa, onda şeýle jenaýatyň Türkmenistanyň JK-nyň 16-njy maddasyna laýyklykda, gaýtalanan diýip hasap edilmeýändigini kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

5. Türkmenistanyň JK-nyň 137-nji maddasynyň 2-nji böleginiň “b” bendinde göz öňünde tutulan, jelepçilik bilen meşgullanmaga çekmeklik, eger muňa jenaýaty etmek barada deslapky dilleşen iki ýa-da ondan köp adam gatnaşan bolsa, deslapky dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan edilen diýlip hasap edilýär.

6. Kazyýetler Türkmenistanyň JK-nyň 155-nji maddasynda göz öňünde tutulan, kämillik ýaşyna ýetmedikleri jelepçilik bilen meşgullanmaga çekenligi üçin, özüniň hereketleri bilen hut kämillik ýaşyna ýetmedik gyzy şonuň bilen meşgullanmaga çekýändigini bilen ýa şony çak eden, ýa-da muny öňünden bilmegi mümkin bolan we bilmeli bolan adamyň jenaýat jogapkärçiligine çekilmäge degişlidigini göz öňünde tutmalydyrlar. Şunda kazyýetler diňe aýyplanýanyň görkezmelerini nazara alyp oňman, eýsem olaryň işiň ähli anyk ýagdaýlary boýunça gabat gelýändigini jikme-jik barlap, günäkäriň kämillik ýaşyna ýetmedikleri jelepçilik bilen meşgullanmaga çekenligi üçin jogapkärçilikden boşadylmagyna ýol bermeli däldirler.

7. Günäkärleriň hereketleri jelepçilik bilen meşgullanmaga çekmekligi zorlugy ulanmak ýa-da ony ulanmak haýbaty bilen edilen hökmünde Türkmenistanyň JK-nyň 137-nji maddasynyň 2-nji böleginiň “ç” bendi boýunça maddalaşdyrylanda, kazyýetler aşakdakylary göz öňünde tutmalydyrlar.

Jelepçilik bilen meşgullanmaklyga çekilende fiziki zorlugy ulanmak diýip, adama mejbur ediji täsir etmek maksady bilen urmaklyga, saglyga zyýan ýetirmeklige, bikanun azatlykdan kesmeklige we fiziki güýjüň başga-da görnüşlerde ulanylmagyna düşünmelidir. Eger fiziki zorluk aýallary jelepçilik bilen meşgullanmaklyga çekilende horlamak, saglyga bilkastlaýyn orta agyrlykda zyýan ýetirmek görnüşinde ýüze çykan bolsa-da, günäkäriň şu hereketlerini Türkmenistanyň JK-nyň 108-nji, 113-nji maddalary, 137-nji maddasynyň 2-nji böleginiň "ç" bendi boýunça goşmaça maddalaşdyrmaklygyň zerurlygy ýok, çünki şol hereketler Türkmenistanyň JK-nyň 137-nji maddasynyň 2-nji böleginiň "ç" bendi tarapyndan gurşap alynýar.

Zorluk ulanmak haýbaty ruhy taýdan täsir etmek (zorluk) bolup, ol meşgullanmaklyga çekilýän adama fiziki zorlugy ulanmak hyýalynyň dilden, hat üsti bilen, telefon boýunça we ş.m. görnüşinde aýdylmagynda ýüze çykýar. Şunda zorluk we ony ulanmak haýbaty meşgullanmaklyga çekilýän adamyň diňe bir özüne däl-de, eýsem onuň ýakyn garyndaşlaryna hem degişli bolup bilýärler. Zorluk ulanmak haýbaty jenaýat häsiýetli jezalandyryşa, haçan-da jebir çekende onuň amala aşyrylmagyndan gorkmaga esas bar bolsa degişlidir, sebäbi diňe hakykat ýüzünde amala aşyrylyp bilinjek haýbat gorkuzyjy täsir etmäge ukyplydyr. Zorlugy ulanmak haýbaty jelepçilik bilen meşgullanmaga çekilýän adamyň gös-göni özüne ýa-da başga biriniň üsti bilen aýdylyp bilner.

8. Türkmenistanyň JK-nyň 137-nji maddasynyň 2-nji böleginiň "d" bendi haýbaty (şantaży) ýa-da aldawy ulanyp, jelepçilik bilen meşgullanmaga çekmegi göz öňünde tutýar.

Haýbat (şantaž) diýip, jelepçilik bilen meşgullanmaga çekilýän adamyny masgaralaýan nähilidir bir maglumaty, onuň hakykata gabat gelýändigine ýa-da gabat gelmeýändigine garamazdan, başgalara, mysal üçin, ata-enesine, goňşularyna, işdeş ýoldaşlaryna, döwlet edaralaryna ýa-da başga bir gurama aýan etmek howpuny salmaklyga düşünilmelidir.

Aldaw ulanmak diýip, jelepçilik bilen meşgullanmaga çekilýäne bilkastlaýyn ýoýlan ýagdaýy habar bermekden ýa-da hakyky ýagdaýlary, ýagny aldaýan adamyň şol aýaly jelep hökmünde ulanmagy niýet edinýändigi barasynda dymmakdan ybaratdyr. Netijede, adam şu işiň häsiýeti ýa-da başga ýagdaýlar (meselem, jebir çekeniň kimdir biri bilen jyns gatnaşygyna gireni üçin, meşgullanmaga çeken adam tarapyndan pul alnandygy we ş.m.) babatynda ýalňyş pikirde bolmak ýagdaýynda jelepçilik bilen meşgullanmaga çekilýär.

9. Günäkäriň gollanan äheňleriniň ýa-da onuň nähili maksadyň hatyrasyna jenaýatly etmişi edenliginiň (betnebislik, ar almak, göriplik we ş.m.) onuň hereketleriniň Türkmenistanyň JK-nyň 137-nji maddasy boýunça maddalaşdyrylmagyna täsiri ýokdur.

10. Kazyýetler Türkmenistanyň JK-nyň 138-nji maddasy boýunça iki sany özbaşdak jenaýat: 1) azgynlyk etmek ýa-da jelepçilik bilen meşgullanmak üçin jelephanalaryň guralanlygy we 2) şeýle maksatlar bilen jelephanalaryň saklananlygy üçin jogapkärçiligiň bellenendigine aýratyn üns bermelidirler.

Jelephana diýip, jelepçilik bilen meşgullanmak üçin ýörite abzallaşdyrylan ýa-da şol maksat bilen yzygiderli ulanylýan jaýa ýa-da başga ýerlere düşünilmelidir.

Jelephana hökmünde ýaşaýyş jaýlary (öý, jaý, daça) we gulluk jaýlary, ýörite abzallaşdyrylan tehniki we kömekçi jaýlar, ýerzeminler we ş.m. ulanylyp bilnerler.

11. Jelephanany guramak ony döretmeklige degişli işden, meselem, jaýy saýlap almakdan, şol jaýy kireýne almakdan, ony jelephananyň maksatlaryna laýyklaşdyrmakdan, jelepçilik bilen ýa-da azgynlyk etmek bilen meşgullanýan adamlary we olaryň müşderlerini saýlap tapmakdan we ş.m. ybaratdyr.

Jelephanany saklamak diýip, tölegli ýa-da olar üçin başga bir peşgeş berilmeginiň hökmanylygynda jyns gatnaşyklaryna girýän adama onuň tölegli ýa-da mugt berilmegine düşünilmelidir. Şunda ony saklaýanyň şol ýerde ýaşamagy hökman däldir.

Eger jelephanalary guramak ýa-da saklamak wezipeli adam tarapyndan ýa-da täjirçilik ýa başga bir guramada dolandyryjylyk wezipesini ýerine ýetirýän adam tarapyndan, olaryň ygtyýarlyklary hyýanatly peýdalanylyp amala aşyrylýan bolsa, onda şeýle etmişli hereketler degişlilikde Türkmenistanyň JK-nyň 138-nji we 196-njy ýa-da 138-nji we 289-njy maddalary boýunça maddalaşdyrylmaga degişlidirler.

Şeýle jelephanalary guramakdan we saklamakdan girdeji alynmagy ýa-da onuň başga, betnebissiz esaslar boýunça amala aşyrylmagy şu jenaýatyň maddalaşdyrylyşyna täsir etmeýär.

Türkmenistanyň JK-nyň 138-nji maddasynda göz öňünde tutulan jenaýat şu kararyň 4-nji bendinde göz öňünde tutulan halatlaryndan başga-da, haçan-da azgynlyk etmek ýa-da jelepçilik bilen meşgullanmak üçin jelephanalar iki ýa-da birnäçe ýerlerde (jaýlarda) guralýan ýa saklanýan bolanda, ýa-da şol bir ýerde (jaýda), ýöne ozal şeýle jenaýat edenligi üçin iş kesilen adam tarapyndan guralan ýa-da saklanýan halatynda-da gaýtalanan jenaýat diýip hasap edilýär.

12. Türkmenistanyň JK-nyň 139-njy maddasynda göz öňünde tutulan duşuryjylyk etmek – bu azgynlyk etmekde ýa-da jelepçilik bilen meşgullanmakda arada durmakdyr, ýagny betnebisli niýetler bilen ýa-da başga bir şahsy bähbitleri yzarlap, jyns gatnaşyklary üçin erkegiň we aýalyň arasynda duşuşyk guramak, adamlary şeýle işleri etmeklige yrmakdyr.

13. Türkmenistanyň JK-nyň 140-njy maddasynda göz öňünde tutulan sutenýorluk (oýnaşyň hasabyna ýaşamak) diýip, bir adamyň jelepçilik bilen meşgullanýan beýleki bir adamy peýdalanmak we onuň jelepçilik bilen meşgullanyp gazanýan girdejisini ýa-da girderjisiniň bir bölegini eýelemek boýunça amala aşyrýan işine aýdylýar.

14. Türkmenistanyň JK-nyň 137-140-njy we 155-nji maddalary boýunça 16 ýaşa ýeten aýal, şeýle-de erkek jynsly adam, 136-njy madda boýunça bolsa diňe 16 ýaşa ýeten aýal adam jogapkärçilige çekilip bilner.

15. Şeýle jenaýatlar üçin jeza çäresi bellenende, kazyýetler şol jenaýatyň amala aşyrylanyndaky hemme ýagdaýlaryň umumy jemini, günäkäriň şahsyýetini, jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän we agyrlaşdyrýan ýagdaýlary nazara almaga borçludyrlar. Jenaýatyň bu görnüşiniň ýokary howpludygyny nazara alyp, kazyýetler jelepçilik bilen meşgullanýan adamlara berk jeza çärelerini ulanmaklygyň gowşadylmagyna ýol bermeli däldirler.

16. Jelepçiligiň ýaýramagynyň öňüni almak maksatlary bilen kazyýetler Türkmenistanyň JIÝK-nyň 242-nji, 434-nji maddalarynyň talaplaryny berk berjaý edip, şeýle jenaýatlaryň edilmegine ýol açan sebäpleri we şertleri jikme-jik aýdyňlaşdyrmalydyrlar we olar barada hususy kesgitnamalar (kararlar) bilen täsir edip, olary ýok etmek boýunça anyk çäreleriň görülmegini gazanmalydyrlar.

17. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri jelepçilik bilen baglanyşykly işler boýunça kazyýet iş tejribesini yzygiderli öwrenmelidirler we şu görnüşli işlere seredilende goýberilýän ýalňyşlary öz wagtynda ýüze çykarmalydyrlar we düzetmelidirler hem-de aşakda duryan kazyýetlere amaly kömek bermek işini güýçlendirmelidirler.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy Ö.Ataýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy R.Ergeşow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 2

2000-nji ýylyň noýabr aýynyň 3-i Aşgabat şäheri

Bilkastlaýyn adam öldürmek baradaky işler boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda (Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasy)

(28.07.2012 ý. № 1; 25.07.2015 ý. № 2; 08.12.2018 ý. № 7; 18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3; 19.07.2025 ý. № 4; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen)

Bilkastlaýyn adam öldürilenligi üçin jogapkärçiligi göz öňünde tutýan kanunçylygyň dogry ulanylmagyny üpjün etmek maksady bilen we kazyýet işinde düşündiriş berilmegi zerur bolan meseleleriň ýüze çykandygy sebäpli, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy

K A R A R E D Ý Ä R :

1. Bilkastlaýyn adam öldürmegiň agyr we aýratyn agyr jenaýatlardygyny hem-de şeýle jenaýatlaryň edilendigi üçin has berk jeza çäresiniň göz öňünde tutulandygyny nazara alyp, şeýle işlere seredenlerinde kazyýetler işiň ýagdaýlaryny hemme taraplaýyn, doly we hakyky barlamak baradaky kanunyň talaplaryny gyşarnyksyz berjaý etmäge borçludyr.

Her bir iş boýunça günäniň görnüşi, adam öldürmegiň delili, maksady we usuly anyklanmalydyr hem-de günäkäriň etmişlerine hukuk taýdan dogry baha bermek we oňa adyl jeza çäresini bellemek üçin ähmiýeti bolan ähli ýagdaýlar barlanylmalydyr.

2. Eger Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasynda göz öňünde tutulan bilkastlaýyn adam öldürmek babatdaky gutarylan jenaýat gönümel hem-de gyýtaklaýyn niýet bilen amala aşyrylyp bilinýänem bolsa, adam öldürmegiň kastyna düşmek diňe gönümel niýet bilen amala aşyrylyp bilinýär, ýagny haçan-da günäkäriň etmişli hereketleri onuň öz hereketleriniň jemgyýetçilik howplulygyna düşünendigine, şol hereketleriň netijesinde başga adamyň ölmeginiň mümkindigine ýa-da gutulgysyzdygyna öňünden göz ýetirendigine şaýatlyk edýän bolsa, ýöne günäkäriň özüne bagly bolmadyk ýagdaýlar sebäpli, jebir çeken ölmän galan bolsa (jenaýatyň pidasy bolanyň işjeň garşylyk görkezmegi, başga adamlaryň päsgel bermegi, jebir çekene wagtynda saglyk kömeginiň berilmegi we ş.m), bilkastlaýyn adam öldürmek kastyna düşülen diýip hasap edilýär.

Günäkäriň hereketlerinde adam öldürmegiň kastyna düşmegiň bardygy subut bolan ýagdaýynda, onuň hereketlerini jebir çekene hakykat ýüzünde ýetirilen zyýanyň netijesi boýunça goşmaça maddalaşdyrmak talap edilmeýär.

3. Bilkastlaýyn adam öldürilende günäkäriň niýetiniň jebir çekeni janyndan mahrum etmeklige gönükdirilendiginden, Türkmenistanyň JK-nyň 107-nji maddasynyň 3-nji böleginde görkezilen jenaýat edilende bolsa, jebir çekeniň ölmeginiň günäkäriň seresapsyzlygy sebäpli ýüze çykýandygyndan ugur alyp, bilkastlaýyn adam öldürmegi adamyň saglygyna onuň ölmegine getiren agyr zyýany bilkastlaýyn ýetirmekden çäklendirmek zerurdyr.

Günäkäriň niýetiniň nämä gönükdirilendigi hakyndaky meseläni çözenlerinde kazyýetler jenaýatyň amala aşyrylyşynyň ähli ýagdaýlarynyň jeminden ugur almalydyrlar we şunda, ylaýta-da, jenaýatyň ediliş usulyny we ýaragyny, ten şikesleriniň sanyny, häsiýetini we ýerleşen ýerlerini (meselem, adamyň ýaşaýşy üçin zerur agzasyna ýara salynmagy), günäkäriň öz hereketlerini bes etmeginiň sebäplerini we ş.m., şeýle hem günäkäriň we jebir çekeniň jenaýat edilmänkä we ondan soňky özlerini alyp baryşlaryny, olaryň özara gatnaşyklaryny nazara almalydyrlar.

4. Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasynyň 2-nji böleginde görkezilen maddalaşdyryjy alamatlaryň we Türkmenistanyň JK-nyň 102-nji, 103-nji we 104-nji maddalarynda göz öňünde tutulan ýagdaýlaryň bolmadyk ýagdaýlarynda adam öldürilmegi, meselem, huligançylyk äheňleri bolmazdan dörän özara dawada we uruşda, gabanjaňlyk, özara gatnaşyklar esasynda ýüze çykan göriplik, oňşuksyzlyk we ýigrenç sebäpli, bilkastlaýyn adam öldürilmegi Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasynyň 1-nji bölegi bilen maddalaşdyrylýar.

5. Eger iki we şondan-da köp adam öldürilende, günäkäriň hereketleri onuň umumy bir maksadynyň içine giryän bolsa we adatça, şol bir wagtyň özünde ýa-da gysga wagt aralygynda edilen bolsa, onda bu etmişli hereketler Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasynyň 2-nji böleginiň “a” bendi bilen maddalaşdyrylýar.

Bir adamyň öldürilmegi we başga bir adamyň janyna kast edilmegi jenaýatyň iki adamy öldürmek diýen görnüşi boýunça ahyryna ýetirilen jenaýat diýip hasap edilip bilinmez. Şeýle ýagdaýlarda jenaýatly hereketleriň haýsysynyň öňürti edilendigine garamazdan, şol etmişli hereketler Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasynyň 1-nji ýa-da 2-nji bölegi bilen we 14,101-nji maddasynyň 2-nji böleginiň “a” bendi bilen maddalaşdyrylmalydyr.

6. Adamyň öz gulluk ýa-da jemgyýetçilik borjuny kanunalaýyk amala aşyrmagyna ýol bermezlik ýa-da onuň şeýle işi üçin ar almak maksady bilen onuň özi ýa-da onuň ýakyn adamlary bilkastlaýyn öldürilen bolsa, bu hereketler Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasynyň 2-nji böleginiň “b” bendi bilen maddalaşdyrylýar.

Gulluk borjuň amala aşyrylmagy diýip, adamyň döwlet we eýeçiligiň görnüşine garamazdan, başga kärhanalar we guramlar bilen zähmet şertnamasyndan gelip çykýan borçlary bilen baglanyşykly hereketleriň amala aşyrylmagyna, jemgyýetçilik borjuň ýerine ýetirilmegi diýip bolsa, jemgyýetiň bähbidi ýa-da aýry adamlaryň kanuny bähbidi üçin, raýatyň öz üstüne ýörite ýüklenen borçlarynyň amala aşyrylmagyna, şeýle hem jemgyýet üçin peýdaly bolan beýleki hereketleriň edilmegine (kanun bozulmalaryň öňüni almaklyga, edilen ýa-da taýynlanylýan jenaýat barada ýa-da kanun bozandygy üçin gözlenilýän adamyň bolýan ýeri barada häkimiýet edaralaryna habar berilmegine, şaýat ýa-da jebir çeken tarapyndan

adamyň jenaýat edendigini paş edýän görkezme berilmegine we ş.m) düşünilmelidir.

Jebir çekeniň ýakyn adamlarynyň sanyna onuň ýakyn garyndaşlary bilen bir hatarda, onuň bilen garyndaşlyk we gudaçylyk garyndaşlygynda (aýalynyň garyndaşlary) durýan, şeýle hem şahsy gatnaşyklary boýunça jany, saglygy we abadançylygy jebir çekene gymmatlydygy günäkäre göz-görtele äşgär bolan başga adamlar hem girýär.

7. Günäkär adam öldürýän wagty jebir çekeniň öz beden, güýç-kuwwaty ýa-da ruhy ýagdaýy sebäpli özüni goramaga we oňa işjeň garşylyk görkezmäge ukypsyzdygyna akyl ýetiren bolsa, onda onuň bu hereketleri Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasynyň 2-nji böleginiň "ç" bendi bilen (garawsyzlygy günäkäre görnetin bolup duran adamy öldürmek) maddalaşdyrylmalydyr. Garawsyz ýagdaýdaky adamlar diýip, agyr keselliler we garrylar, kiçi ýaşly çagalar, uklap ýatan adam, töwereginde bolup geçýän hadysalara dogry düşünmek ukybyndan mahrum edýän aň bulaşmasyndan ejir çekýän adamlar, şeýle hem agyr serhoş haldaky adamlar hasap edilip bilner.

Günäkäriň hereketleri "adamy ogurlamak ýa-da girewine almak bilen baglanyşyklylykda öldürmek" diýen alamat boýunça maddalaşdyrylanda, kanunyň manysyndan gelip çykyşyna görä, Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasynyň 2-nji böleginiň şu bendi boýunça jogapkärçiligiň diňe bir ogurlanan ýa-da girewine alnan adam bilkastlaýyn öldürilende däl-de, eýsem adamy ogurlamak ýa-da girewine almak bilen baglanyşyklylykda günäkär tarapyndan başga adamlar öldürilende hem ýüze çykýandygyny göz öňünde tutmaly. Şeýle etmişli hereketler adam öldürmekden başga-da, Türkmenistanyň JK-nyň 124-nji ýa-da 129-njy maddasynda görkezilen jenaýatlaryň umumy jemi boýunça maddalaşdyrylmalydyr.

8. Kazyýetde işine seredilýän adamy Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasynyň 2-nji böleginiň "d" bendi bilen günäli bilmek üçin, jebir çekeniň göwrelidigini onuň şübhesiz bilmegi gerek, şunda göwreliligiň möhletiniň we göwredäki çaganyň ýaşaýşa ukyplylygynyň ähmiýeti ýokdur.

9. Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasynyň 2-nji böleginiň "e" bendinde görkezilen zorlamak bilen ýa-da jyns häsiýetli zorlukly herektler bilen baglanyşyklylykda adam öldürmek diýip, görkezilen jenaýatlar edilýän wagty ýa-da olary ýaşyrmak maksady bilen, şeýle hem şu jenaýatlar edilen mahaly görkezilen garşylyk üçin ar almak esasynda adam öldürmeklige düşünilmelidir.

Zorlamak ýa-da jyns häsiýetli zorlukly hereketler bilen baglanyşyklylykda bilkastlaýyn adam öldürilende, iki sany özbaşdak jenaýatyň edilýändigini nazara alyp, şu etmişli hereketler Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasynyň 2-nji böleginiň "e" bendi we işiň anyk ýagdaýlaryna baglylykda, Türkmenistanyň JK-nyň 132-nji ýa-da 134-nji maddasynyň degişli bölekleri bilen maddalaşdyrylmalydyr. Şunda günäkäriň hereketlerini Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasynyň 2-nji böleginiň "j" bendi bilen maddalaşdyrmak talap edilmeýär.

10. Adam öldürmek Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasynyň 2-nji böleginiň "ä" bendi bilen maddalaşdyrylanda, aýratyn zalymlyk diýen düşünjäniň adam öldürmegiň usuly bilen, şeýle hem günäkär tarapyndan aýratyn zalymlyk

edilendigine şaýatlyk edýän beýleki ýagdaýlar bilen baglanyşyklydygyndan ugur alynmalydyr.

Meselem, şu ýagdaýlarda, ýagny haçan-da adam öldürmegiň öň ýanynda ýa-da öldürmegiň dowamynda jebir çekýän barasynda gynamak, horlamak ýa masgaralamak ulanylan bolsa ýa-da jebir çekene aýratyn azap berilýändigi günäkäre açyk mälim bolan usul bilen adam öldürilende (köp sanly ten şikesleriniň salynmagy, zäheriň azap beriji täsir edýän görnüşiniň ulanylmagy, diriligine ýakmak, uzak wagtlap iýmitden, suwdan kesmek, bogmak, gark etmek we ş.m), aýratyn zalymlygyň alamatlary bardyr. Adam öldürmek jebir çekeniň ýakyn adamlarynyň barlygynda we şolary öz hereketleri bilen aýratyn gynandyrýandygyna günäkäriň düşünýän ýagdaýynda edilende hem aýratyn zalymlyk alamaty ýüze çykyp biler.

Jesediň diňe masgaralanmagy öz-özünden adamyň aýratyn zalymlyk bilen öldürilendigine şaýatlyk edýän ýagdaý diýip hasap edilip bilinmez. Şeýle ýagdaýlarda bu etmişli hereketler, eger jebir çeken janyndan mahrum edilmezden öň ýa-da edilýän mahaly günäkär tarapyndan aýratyn zalymlyk edilendigi barada başga maglumat ýok bolsa, onda Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasynyň degişli bölegi we Türkmenistanyň JK-nyň 163-nji maddasynyň meýdiň hormatynyň gaçyrylandygy üçin jogapkärçilik göz öňünde tutýan 2-nji bölegi bilen maddalaşdyrylmalydyr.

Jenaýaty gizlemek maksady bilen jesedi ýok etmek ýa-da böleklemek adamy aýratyn zalymlyk bilen öldürmek diýip maddalaşdyrmak üçin esas bolup bilmez.

11. Adamy köp adamlaryň jany üçin görnetin howply usul bilen öldürmek (Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasynyň 2-nji böleginiň “f” bendi) diýip, şeýle usul bilen, ýagny diňe bir jebir çekeniň jany üçin däl-de, eýsem hiç bolmanda ýene-de bir adamyň jany üçin howp salýandygy günäkäre äşgär bolan mahaly bilkastlaýyn adam öldürilmegine düşünilmelidir, mysal üçin, partlatmak, ýangyn tutaşdyrmak, adamlaryň üýşüp duran tarapyna ok atmak arkaly, jebir çekenden başga adamlar tarapyndan hem ulanylýan suwy we iýmiti zäherlemek arkaly adam öldürilmegine düşünilmelidir.

Eger günäkäriň adam öldürmek üçin şeýle usuly ulanmagy netijesinde diňe belli bir adam däl-de, eýsem başga adamlar hem ölen bolsa, şu etmişli hereketler Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasynyň 2-nji böleginiň “f” bendinden başga-da, Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasynyň 2-nji böleginiň “a” bendi bilenem, başga adamlaryň saglygyna zyýan ýetirilende bolsa-Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasynyň 2-nji böleginiň “f” bendi we JK-nyň bilkastlaýyn saglyga zyýan ýetirilendigi üçin jogapkärçiligi göz öňünde tutýan maddasy bilen hem maddalaşdyrylmalydyr.

Partlatmak, ýangyn tutaşdyrmak ýa-da başga köpçülikleýin howply usul bilen adam öldürmek başga biriniň emlägini ýok etmek ýa-da zaýalamak bilen baglanyşykly bolsa, şeýle etmişli hereketler Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasynyň 2-nji böleginiň “f” bendi bilen bir hatarda Türkmenistanyň JK-nyň 256-njy maddasynyň 2-nji böleginiň “a” bendi bilen hem maddalaşdyrylmaga degişlidir.

12. Adam öldürmek Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasynyň 2-nji böleginiň “g” bendi bilen maddalaşdyrylanda, jenaýatyň deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary, guramaçylykly topar we jenaýatçylykly bileleşik tarapyndan edilendigi baradaky düşünjäniň Türkmenistanyň JK-nyň 31-nji maddasyndaky kesgitlemesinden başga-da, şu bent bilen iki ýa-da köp adam tarapyndan deslap dilleşmezden bilkastlaýyn adam öldürmek üçin jogapkärçiligiň göz öňünde tutulýandygyny nazara almak zerurdyr.

Haçan-da adam öldürilýän wagty ýüze çykan niýete laýyklykda, iki ýa-da köp adam bilelikde hereket edip, jebir çekene zorluk ulanmak bilen, ony janyndan mahrum etmäge gös-göni gatnaşan bolsalar, onda adam öldürmek iki ýa-da köp adam tarapyndan deslapdan dilleşmezden edilen diýip hasap edilýär. Şunda jebir çekeniň ölmegine getiren zyýanlaryň olaryň her biri tarapyndan ýetirilmegi hökmany däldir (mysal üçin, biri jebir çekeniň garşylygyny basyp, ony goranmakdan mahrum eden bolsa, beýlekisi bolsa oňa ölüm howply zyýan ýetiren bolsa).

Bilkastlaýyn adam öldürmäge gönükdirilen hereketler bir adam tarapyndan edilýän mahaly, oňa şol maksat bilen başga adam (adamlar) birigen ýagdaýynda hem, adam öldürmek iki ýa-da köp adam tarapyndan deslapdan dilleşmezden edilipdir diýip hasaplanmalydyr.

Günäkäriň hereketleri adam öldürmek adamlaryň topary, guramaçylykly topar ýa-da jenaýatçylykly bileleşik tarapyndan edilen diýen alamatlar boýunça maddalaşdyrylanda, kazyýetler Türkmenistanyň JK-nyň 31-nji maddasynyň düzgünlerini gollanmalydyrlar.

Adam öldürmek guramaçylykly topar we jenaýatçylykly bileleşik tarapyndan edilipdir diýip bilnende, oňa gatnaşyjylaryň ählisiniň hereketleri hem jenaýatly hereketleriň haýsysynyň ýerine ýetirilendigine garamazdan, bilelikde ýerine ýetirijiler hökmünde, Türkmenistanyň JK-nyň 30-njy maddasyna salgylanmazdan maddalaşdyrylmaga degişlidir.

13. Günäkäriň ýa-da başga bir adamyň maddy bähbitleri (pul, emläk ýa-da şolary almaga hukuk, ýaşaýyş jaý meýdanyna hukuk we ş.m) üçin ýa-da maddy çykdajylardan (emläk gaýtaryp bermekden, bergiden, edilen hyzmat üçin tölegden, emläk borçlaryny ýerine ýetirmekden aliment tölemekden we başgalardan) dynmak üçin, bilkastlaýyn adam öldürmek Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasynyň 2-nji böleginiň “h” bendi bilen maddalaşdyrylmalydyr.

Emma şunuň bilen birlikde bergidaryň maddy zyýany tölemek borçlaryny ýerine ýetirmänligi sebäpli öldürilmegi Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasynyň 2-nji böleginiň “h” bendi bilen maddalaşdyrylyp bilinmez.

Eger adamy öldürmek garakçylykly çozuş edilen mahaly ýa-da emälgi gorkuzyp almak bilen baglanyşyklylykda edilen bolsa, şeýle etmişli hereketler şol jenaýatlaryň umumy jemi boýunça maddalaşdyrylmalydyr (Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasynyň 2-nji böleginiň “h” bendi we degişlilikde 252-nji ýa-da 253-nji maddasy boýunça).

Jenaýaty ýerine ýetiriji tarapyndan maddy ýa-da başga bir sylag almak barada şertleşilip adam öldürmek hakyna tutma boýunça adam öldürilen hökmünde maddalaşdyrylmaga degişlidir.

Sylaga adam öldürmekligi gurnan, ony etmeklige meçew beren ýa-da şeýdip adam öldürmäge ýardam eden adamlar Türkmenistanyň JK-nyň 30-njy maddasynyň degişli bölegi we 101-nji maddasynyň 2-nji böleginiň "h" bendi bilen jogapkärçilige çekilýärler.

14. Günäkäriň özüni alyp barşy onuň jemgyýetçilik tertibine aç-açan garşy çykýandygyna we özüni töweregindäkilere garşy goýmak isleýändigine, özüniň olara äsgermezçilikli garaýandygyny aç-açan görkezmekçi bolýandygyna güwä geçýän mahalynda, ýagny bilkastlaýyn adam öldürmek jemgyýetçiligi we ählumumy ykrar edilen ahlaklylyk kadalaryny göz-görtele äsgermezlik bilen edilen bolsa, bu hereketler Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasynyň 2-nji böleginiň "i" bendi bilen maddalaşdyrylmalydyr. Köp halatlarda bu jenaýat sebäpsiz ýa-da ujypsyz sebäbi adam öldürmek üçin bahanalap edilýär.

Eger günäkär huligançylyk niýeti bilen adam öldürmekden başga-da, raýatlara zorluk ulanmak ýa-da zorluk ulanmak haýbatyny atmak, şonuň ýaly-da kesekiniň emlägini ýok etmek ýa-da zaýalamak bilen baglanyşyklylykda jemgyýetçilik tertibini gödek bozýan we jemgyýetçiligi göz-görtele äsgermezçilik edýändigini aňladýan başga bir bilkastlaýyn hereket eden bolsa, onda onuň etmişli hereketleri Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasynyň 2-nji böleginiň "i" bendi we Türkmenistanyň JK-nyň 310-njy maddasynyň degişli bölegi bilen maddalaşdyrylmaga degişlidir.

Özara gatnaşyklar esasynda ýüze çykan dawada, gabanjaňlykdan we başga itergiler sebäpli, günäkär tarapyndan bilkastlaýyn adam öldürilmegi, onuň nirede edilendigine garamazdan, Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasynyň 2-nji böleginiň "i" bendi bilen maddalaşdyrylmaly däldir.

Huligançylyk niýeti bilen adam öldürilmegini dawada ýa-da uruşda adam öldürmekden dogry tapawutlandyrmak üçin, dawanyň we urşuň başyny başlaýjynyň kimdigi, dawanyň günäkär tarapyndan ony adam öldürmäge bahana hökmünde ulanmak üçin guralan dawadygy ýa-da däldigi anyklanmalydyr. Eger dawany ýa-da urşy başlaýjy jebir çekeniň özi bolsa, şeýle hem dawanyň döremegine onuň özüni nädogry alyp barmagy sebäp bolan bolsa, günäkär huligançylyk niýeti bilen adam öldüripdir diýip jogapkärçilige çekilip bilinmez.

15. Başga bir jenaýaty ýaşyrmak ýa-da başga haýsy hem bolsa bir jenaýaty etmegi ýeňilleşdirmek maksady bilen adam öldürmekde günäliniň hereketleri maddalaşdyrylanda, Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasynyň 2-nji böleginiň "j" bendini ulanmak üçin, adam öldürmegiň netijesinde günäkäriň beýleki jenaýaty etmek baradaky maksadyna ýeten bolmagy talap edilmeýär (başga bir jenaýaty etmegi ýeňilleşdirdimi, ýaşyrdymy ýa-da ýok), munuň üçin diňe adam öldürmegiň şu maksat bilen edilendigini anyklamak ýeterlikdir. Adam öldürmek bilen ýaşyryljak bolnan ýa-da edilmegi ýeňilleşdiriljek bolnan jenaýat özbaşdak maddalaşdyrylmaga degişlidir.

Kanunyň manysyndan gelip çykyşyna görä, günäkär tarapyndan başga bir jenaýaty ýaşyrmak ýa-da haýsy hem bolsa bir jenaýatyň edilmegini ýeňilleşdirmek maksady bilen belli bir adamyň öldürilmeginiň Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasynyň 2-nji böleginiň "j" bendi bilen maddalaşdyrylmagy, şol jenaýaty görkezilen bentden başga Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasynyň 2-nji

bölegindäki beýleki maksat ýa-da äheň bilen adam öldürilmegini göz öňünde tutýan bent bilen maddalaşdyrmaklygy aradan aýyrýar. Şonuň üçin hem, eger jebir çekeniň, mysal üçin, betnebislik ýa-da huligançylyk niýetden öldürilendigi anyklanylsa, onda şol bir wagtyň özünde Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasynyň 2-nji böleginiň "j" bendi bilen maddalaşdyrylyp bilinmez.

16. Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasynyň 2-nji böleginiň "ž" bendini ulanmak üçin kanunda ady tutulýan ýörite äheňlerden takyk birini anyklamak zerurdyr (sosial, milli, jyns ýa-da dini ýigrenç ýa-da duşmançylykly garamak niýeti). Şu äheňiň beýleki niýetler (ar almak, betnebislik, huligançylyk) bilen baglanyşmagy mümkin, ýöne şol wagt olaryň arasynda ol äheň agdyklyk etmelidir.

Şunda günäkäriň jebir çekeniň sosial, milli ýa-da jynsy degişliligi ýa-da dine ynanmak azatlyklary bilen baglanyşkylylykda zorlukly öç almak bilen, belli bir milletiň, jynsyň ýa-da diniň namysyny we mertebesini kemsitmäge gönükdirilen niýeti agdyklyk edýär. Şuňa sosial, milli, jynsy we dini duşmançylygy ýa-da agzalalygy tutaşdyrjak, gižželejek bolmak islegi hem degişlidir (mysal üçin, adam öldürmek arkaly milletara gatnaşyklarda dartgynlylygyň, köpçülikleýin tertipsizlikleriň döredilejk bolunmagy we ş.m). Muňa milletparazçylygy ýa-da dini kemsitmeleri goldamagy islemändigi üçin jebir çekenden ar almak hem degişli bolup biler.

17. Günäkäriň hereketini gan almak maksady bilen adam öldüren hökmünde, Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasynyň 2-nji böleginiň "k" bendi boýunça maddalaşdyrmak üçin, onuň gan almak adatyny ykrar etmegi netijesinde özüni kemsidilen hasaplap, göwnüne degen adamy ýa-da onuň ýakyn dogan-garyndaşlaryny gan almak maksady bilen öldürenliginiň anyklanan bolmagy hökmanydyr.

Eger-de, günäkär göwnüne degen adamyny, beýleki şahsy gatnaşyklar esasynda bilkastlaýyn öldüren bolsa, onda onuň bu hereketleri, Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasynyň 2-nji böleginiň "k" bendi boýunça, ar almak maksady bilen bilkastlaýyn adam öldüren hökmünde maddalaşdyrylmaga degişlidir.

18. Günäkäriň heketelerini JK-nyň 101-nji maddasynyň 2-nji böleginiň "l" bendi bilen maddalaşdyrmak üçin, onuň öň gazaplanma ýagdaýynda ýa-da zerur goranyş çäklerinden çykmak ýa-da jenaýat eden adamy tutmak üçin zerur çäklerden çykmak bilen adam öldürmekden başga sebäpli bilkastlaýyn adam öldürendigi esas bolup bilýär. Şunda günäkäriň öňki jenaýat üçin iş kesilendigine-kesilmändigine, onuň öň gutarylan jenaýat edendiginiň ýa-da jenaýat etmegiň kastyna düşendiginiň, onuň jenaýaty ýerine ýetiriji ýa-da oňa başga gatnaşyjy bolandygynyň ähmiýeti ýokdur.

Eger günäkär öň adam öldürip, Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasynyň 1-nji bölegine ýa-da 14,101-nji maddasynyň 1-nji bölegine düşýän etmişli herektleri üçin iş kesilmedik bolsa, onda onuň bu etmişli hereketleri aýratynlykda maddalaşdyrylmaga, soňky jenaýatyň bolsa onuň gutarylan jenaýat ýa-da kastyna düşmekdigine baglylykda, Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasynyň 2-nji böleginiň "l" bendi ýa-da 14,101-nji maddasynyň 2-nji böleginiň "l" bendi bilen maddalaşdyrylmaga degişlidigini kazyýetlere düşündirmeli.

Etmişli hereketleri maddalaşdyrmagyň şeýle tertibi aşakdaky ýagdaýlarda hem ulanylmalydyr:

a) ilki günäni agyrlaşdyrýan ýagdaýlarda adam öldürmäge synanyşylan, soňra bolsa günäni agyrlaşdyrýan ýagdaýlarda ýa-da şeýle ýagdaýlaryň ýoklugynda ahyryna ýetirilen bilkastlaýyn adam öldürmek jenaýaty edilen mahalynda;

b) ilki ahyryna ýetirilen günäni agyrlaşdyrýan ýagdaýlarda adam öldürmek jenaýaty edilen bolsa, soňra bolsa günäni agyrlaşdyrýan ýagdaýlaryň barlygynda ýa-da ýoklugynda adam öldürmäge synanyşyk edilen mahalynda.

Eger günäkär dürli wagtlarda iki gezek günäni agylaşdyrýan ýagdaýlarda adam öldürmäge synanyşyk eden ýa-da iki gezek günäni agyrlaşdyrýan ýagdaýlarda adam öldüren bolsa, olaryň birinjisi üçin hem iş kesilmedik bolsa, onuň etmşili hereketleriniň hemmesi umumylykda Türkmenistanyň JK-nyň 14,101-nji maddasynyň 2-nji böleginiň “l” bendi ýa-da 101-nji maddasynyň 2-nji böleginiň “l” bendi bilen we onuň üstüne wakalaryň ikisi boýunça hem agyrlaşdyrýan ýagdaýlary göz öňünde tutýan bentleri bilen maddalaşdyrylmalydyr.

Eger öňki gezek adam öldürendigi üçin iş kesilenlik aýby öz-özünden aýrylan bolsa, şeýle hem öňki gezek adam öldürendigi üçin, ony eden adam jenaýat jogapkärçiliginden ýa-da jezadan boşadylan bolsa, onuň soňky hereketleri Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasynyň 2-nji böleginiň “l” bendi bilen maddalaşdyrylyp bilinmez.

19. Adam öldürmekligiň aýratyn howply residiwde (Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasynyň 2-nji böleginiň “m” bendi) edilendigi-edilmändigi baradaky meseläni çözenlerinde kazyýetler Türkmenistanyň JK-nyň 18-nji maddasynyň 3-nji böleginiň talaplaryndan ugur almalydyrlar.

Günäkäriň hereketleriniň Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasynyň 2-nji böleginiň “m” bendi boýunça maddalaşdyrylmagy üçin, onuň adamy bilkastlaýyn öldürmezinden öň kazyýetiň hökümi esasynda eden jenaýatlarynyň aýratyn howply residiwde edilen diýlip bilnen bolmagy zerurdyr. Eger-de, diňe adam öldürmek babatda eden jenaýaty onuň hereketlerini aýratyn howply residiwde edilen diýip ykrar edilmäge esas bolýan bolsa, onda bu ýagdaýyň günäkäriň hereketlerini Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasynyň 2-nji böleginiň “m” bendi boýunça maddalaşdyrmagyna esas bolup bilmeýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

19[1]. Günäkäriň hereketleriniň Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasynyň 2-nji böleginiň “n” bendi boýunça maddalaşdyrylmagy üçin, adamyň beden agzalarynyň ýa-da dokumalarynyň anyk haýsy maksatlar bilen ulanylmaga alnandygynyň ähmiýeti ýokdur.

Eger-de, bu jenaýat betnebislik maksady bilen edilen bolsa (meselem, beden agzalary ýa-da dokumalary başga birine satmak maksady bilen we ş.m.), onda günäkäriň hereketleri Türkmenistanyň JK-njyň 101-nji maddasynyňnyň 2-nji böleginiň “n” bendinden başga-da, goşmaça şol böleginiň “h” bendi bilen hem maddalaşdyrylmaga degişlidir.

20. Türkmenistanyň JIÝK-nyň 360-njy, 464-nji, 493-nji maddalaryna laýyklykda, eger öň bildirilen günäniň beýan edilişi özüniň hakyky ýagdaýlary boýunça üýtgedilmeli bolsa we şunda ol aýyplaw netijesinde öňki beýan edilişinden düýpli tapawutlanmaýan, kazyýetde işine seredilýäniň ýagdaýyny

ýaramazlaşdyrmaýan we onuň goranmaga bolan hukugyny bozmaýan bolsa, kazyýet işi goşmaça derňewe gaýtarmazdan, günäkäre ozal bildirilen günäni Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasynyň 2-nji böleginiň bir bendinden başga bir bendine geçip, onuň hereketleriniň maddalaşdyrylyşyny üýtgetmäge haklydyr.

21. Kanunyň manysyndan gelip çykyşyna görä, eger adam öldürmek gaty gazaplanma ýagdaýynda ýa-da mejbury goranyşyň çäklerinden çykmak bilen edilen bolsa, onda oňa Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasynyň 2-nji böleginiň "a,d,ä,g,l,m" bentlerinde görkezilen maddalaşdyryjy alamatlar bilen edilen jenaýat hökmünde baha berip bolmaz.

22. Eger-de günäkäriň hereketlerinde Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasynyň 2-nji böleginde göz öňünde tutulan, adamy bilkastlaýyn öldürmegiň jogapkärçiligi agyrlaşdyrýan ýagdaýlarynyň birnäçesi bar bolsa, onuň hereketleriniň Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasynyň 2-nji bölegi bilen bir gezek maddalaşdyrylyp, onda jogapkärçiligi agyrlaşdyrýan maddalaşdyryş alamatlary bolan degişli bentleriň ählisiniň görkezilmegi ýeterlikdir.

Günäkäriň hereketleriniň Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasynyň 2-nji böleginiň iki ýa-da ondan köp bentleri bilen maddalaşdyrylan halatynda, oňa her bir bent boýunça aýratynlykda jeza kesgitlenilmän, şol maddanyň birnäçe bentleri görkezilen 2-nji böleginiň esasynda, ol bentlerde göz öňünde tutulan jenaýatlaryň häsiýeti we jemgyýet üçin howpluluk derejesi hem-de günäkäriň şahsyýeti nazara alnyp jezanyň bellenilmelidigine hem kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

23. Erkiň ýa-da gulluk ygtyýarlyklarynyň çäginden çykyp, bilkastlaýyn adam öldürmek günäkär adamyň hereketleri bilkastlaýyn adam öldürilenligi üçin jogapkärçiligi göz öňünde tutýan madda bilen we Türkmenistanyň JK-nyň 199-njy maddasynyň 2-nji bölegi bilen jenaýatlaryň umumy jemi boýunça maddalaşdyrylmalydyr.

24. Banda gatnaşyjylar tarapyndan çozuş edilende bilkastlaýyn adam öldürmek banditçilik we bilkastlaýyn adam öldürmek hökmünde jenaýatlaryň umumy jemi boýunça maddalaşdyrylmaga degişlidir.

25. Azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki jezany çekýän ýa-da tussaglykda saklanylýan adam tarapyndan azatlykdan mahrum ediş ýerleriniň ýa-da tussag saklanylýan ýeriň işgäriniň ýa-da jeza çekýäniň düzelmegine päsgel bermek maksady bilen ýa-da onuň jemgyýetçilik borçlaryny ýerine ýetirýändigi üçin ar almak maksady bilen öldürilmegi Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasynyň degişli böleginden başga-da, jemgyýetden üzňelikde saklamagy üpjün edýän edaranyň kadaly işinde bidüzgünçiligiň döredilmegi üçin jogapkärçiligi göz öňünde tutýan Türkmenistanyň JK-nyň 234-nji maddasy bilen hem maddalaşdyrylmaga degişlidir.

26. Adam öldürilendigi üçin jeza çäresi bellenilende, jenaýatyň edilişiniň ähli ýagdaýlaryny: günäkäriň niýetiniň görnüşini, jenaýatyň äheňini we maksadyny, nähili usulda, şertlerde edilendigini we haýsy derejä ýetirilendigini (gutarylan ýa-da gutarylmadyk jenaýat), şeýle hem günäkäriň şahsyýetini, onuň öz etmişine garaýşyny, jezany ýeňilleşdirýän we agyrlaşdyrýan ýagdaýlaryny göz öňünde tutmak zerurdyr. Şular bilen deň derejede jebir çekeniň şahsyýetine degişli

maglumatlar, onuň kazyýetde işine seredilýän bilen aragatnaşygy, şeýle hem jenaýatyň oň ýanynda onuň özüni alyp barşy hem barlanylmalydyr.

27. Bilkastlaýyn adam öldürmek baradaky her bir iş boýunça jenaýatyň edilmegine ýol açan sebäpler we ýardam beren şertler anyklanmalydyr we esas bolan wagty hususy kesgitnama (karar) çykarmak arkaly, şeýle şertleriň aradan aýrylmagy barada degişli ýolbaşçynyň öňünde mesele goýulmalydyr.

28. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri bilkastlaýyn adam öldürmek baradaky jenaýat işleriniň seredilişine degişli derejedäki gözegçiligi üpjün etmelidirler, çykarylan hökümleriň kanunylygyny we esaslylygyny çintgäp barlamaly, goýberilen kanun bozmalary we ýalňyşlyklary öz wagtynda ýüze çykarmaly we aradan aýyrmalydyrlar, şu topara degişli işler boýunça kazyýet iş tejribesini wagtly-wagtynda öwrenmeli we umumylaşdyrmalydyrlar.

29. Şu Kararyň kabul edilmegi bilen Türkmensitanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumynyň 1997-nji ýylyň aprel aýynyň 28-indäki №14 sanly “Bilkastdan adam öldürmek baradaky işler boýunça kazyýet praktikasy hakyndaky” kararyny güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy Ö.Ataýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy R.Ergeşow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 4

2000-nji ýylyň noýabr aýynyň 3-i Aşgabat şäheri

Jenaýat netijesinde ýetirilen maddy zyýany töledip almak baradaky kanunçylygyň ulanylyşynyň kazyýet iş tejribesi hakynda

(12.08.2006 ý. № 3; 20.05.2010 ý. № 4; 28.07.2012 ý. № 1; 25.07.2015 ý. № 2; 16.07.2016 ý. № 4; 08.12.2018 ý. № 7; 17.10.2020 ý. № 11; 18.12.2021 ý. № 12; 18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3; 19.10.2024 ý. № 9; 19.07.2025 ý. № 4; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen)

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy jenaýat netijesinde ýetirilen maddy zyýany töledip almak boýunça kazyýet iş tejribesiniň umumylaşdyrmasyny ara alyp maslahatlaşyp, kazyýetleriň şu mesele boýunça kanunçylygy, esasan, dogry ulanýandyklaryny belleýär. Emma maddy zyýan ýetiren jenaýat işleriniň seredilişinde heniz düýpli kemçiliklere ýol berilýär.

Aýry-aýry kazyýetler raýat talabyny üpjün etmek çärelerini geçirmeýärler, derňew edaralary tarapyndan emlägi gozgamasyz etmek işleriniň gijikdirilýändigine üns bermeýän halatlary bar, zyýanyň häsiýeti we möçberi baradaky subutnamalary doly derňemeýärler, aýyplaw hökümlerini çykaranlarynda raýat hak isleglerini seretmän galdyrýarlar, emläkleriň jenaýat ýoly bilen gazanylan serişdeleriň hasabyna edinilen-edinilmändigini anyklamaýarlar.

Raýat hak islegi bildirilmedik bolsa-da, jenaýat netijesinde ýetirilen zyýany töledip almak baradaky meseläni öz başlangyjy boýunça çözmek üçin özlerine kanun esasynda berlen hukugyny käbir kazyýetler ulanmaýarlar. Käbir hökümlerde bolsa maddy zyýany töledip almaly diýip gelnen netije degişli derejede delillendirilmeýär, töledilmegi talap edilýän zyýanyň kazyýetde günäli bilnip iş kesileniň haýsy hereketi ýa-da hereketsizligi bilen ýetirilendigi, nähili subutnamalar bilen onuň tassyk bolýandygy, zyýanyň jemi möçberi we onuň nämälerden jemlenýändigi görkezilmeýär.

Jenaýat işinden gelip çykýan talaba raýat kazyýet iş ýörediş tertibinde seredilende, jenaýat işiniň maglumatlarynyň göz öňünde tutulmaýan, zerur bolanda kazyýetleriň özleriniň başlangyjy esasynda subutnamalary talap edip almaýan, şol bir zyýanyň ýetirilmeginde günäkär adamlaryň käbirini maddy jogapkärçilige çekmän galdyrýan halatlary bar.

Işe nägilelik we gözegçilik tertiplerinde seredýän kazyýetler birinji basgançakly kazyýetiň maddy zyýany töledip almak baradaky çözgüdiniň kanunylygyna we esaslydygyna hemişe ýeterlik üns bermeýärler, käwagtlar goýberilen kemçilikleri düzetmek üçin çäre görmeýärler.

Şu beýan edilen ýagdaýlary nazara alyp, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy

K A R A R E D Ý Ä R :

1. Maddy zyýany töledip almak baradaky kanunçylygy dogry we gyşarnyksyz ýerine ýetirmegiň zerurdygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Kazyýet maddy zyýan ýetirilen her bir jenaýat işi boýunça höküm çykaranda, edilen hereketlerde jenaýatyň alamatlarynyň ýokdugyna esaslanýan aklaw hökümi çykarylman, başga ýagdaýlara esaslanýan hökümiň çykarylmagy bilen tamamlanan jenaýat işleri boýunça raýat hak islegini çözmelidir.

Aýratyn ýagdaýlarda, Türkmenistanyň JIÝK-nyň 428-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, ýagny haçan-da işi seljermegi gaýra goýmazdan ýa-da goşmaça maglumatlary almazdan, raýat hak isleginiň möçberi barada jikme-jik hasaplaşyk geçirmek mümkin bolmasa we şunda zyýanyň möçberi etmişli hereketleriň maddalaşdyrylyşyna we jeza çäresiniň görnüşiniň we möhletiniň seçilip alnyşyna täsir etmeýän bolsa, onda kazyýet jebir çekeniň hak isleginiň kanagatalandyrylmalydygy baradaky hukugyny ykrar edensoň, hak isleýjä bu mesele boýunça raýat kazyýet önümçiligi tertibinde kazyýete ýüz tutmaga hukugynyň bardygyny düşündirmelidir.

2. Jenaýat işinde raýat hak isleýjisi diýip şol jenaýat sebäpli maddy zyýan çeken we ony töledip almak barada talap bildiren raýat, şeýle hem eýeçiligiň ähli görnüşindäki kärhanalar, guramalar we edaralar hasap edilýär.

Emläge eýelik edýäne (daşaýjy, kireýine alyjy, emläk saklaýjy we ş.m) kanuny esaslarda saklanýan maddy gymmatlyklar ogurlananda, zaýalananda ýa-da ýoklananda gymmatlyklaryň eýesi, şeýle hem oňa eýelik edýän adam hak islegini bildirmäge haklydyr.

Eger maddy zyýan heläkçilik çekeniň jenaýat bilen baglanyşyklylykda ölmegi netijesinde ýetirilen bolsa, onda ýetirilen maddy zyýany töledip almak baradaky raýat hak islegini, Türkmenistanyň RK-nyň 1083-nji maddasyna laýyklykda, ekleýjisini ýitirendigi sebäpli ýetirilen maddy zyýany töledip almaga hukukly adamlar bildirip bilerler.

Raýat hak isleýjisi diýip ykrar etmek barada anyklaýjy, sülçi, prokuror we kazy karar çykarýar, kazyýet bolsa kesgitnama çykarýar.

3. Kämillik ýaşyna ýetmediginiň jenaýatçylykly hereketleri bilen maddy zyýan ýetirilende, Türkmenistanyň RK-nyň 1071-nji maddasy esasynda raýat jogap berijisi hökmünde işe çekilen ata-ene we kämillik ýaşyna ýetmedige gözegçilik etmäge jogapkär şahslar diňe kanunda görkezilen şertler bar ýagdaýynda maddy jogapkärçilik çekmelidirler.

4. Aýyplanýanyň işi kazyýet önümçiligine geçirilende jenaýat netijesinde ýetirilen zyýany töledip almak barada raýat hak isleginiň bildirilen-bildirilmändigini, ony üpjün etmek üçin çäre görlen-görülmändigini takyklamak zerurdyr. Eger anyklaýşy alyp barýan ýa-da sülçi zyýanyň töledilip alynmagyny üpjün etmek üçin çäre görmedik bolsa, onda kazy ýa-da kazyýet şeýle çäreleri öz başlangyjy boýunça görmelidirler ýa-da karar (kesgitnama) çykaryp, degişli

edaralary şeýle işi geçirmäge borçly etmelidirler (Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 196-njy maddasy).

Deslapky derňew döwründe raýat hak islegi bildirilmedik jenaýat işlerine seredenlerinde kazy ýa-da kazyýet maddy zyýan çeken adamlara özlerine ýetirilen maddy zyýany töledip almak barada işi kazyýetde seredilýäne ýa-da kanun boýunça maddy jogapkärçiligi çekmeli adamlara raýat hak islegini bildirmek hukugynyň bardygyny düşündirmelidirler.

Eger raýat hak islegi bildirilmedik bolsa, onda kazyýet jenaýat netijesinde ýetirilen zyýany töledip almak baradaky meseläni Türkmenistanyň JIÝK-nyň 196-njy maddasynyň 5-nji böleginiň talaplaryna laýyklykda, öz başlangyjy boýunça çözmäge haklydyr.

5. Maddy zyýan işi kazyýetde seredilýäniň we özleri baradaky jenaýat işi Türkmenistanyň JIÝK-nyň 31-nji maddasynyň 2-10-njy bentleri we Türkmenistanyň JK-nyň 70-nji, 72-nji maddalary esasynda ýatyrylan adamlaryň bilelikdäki hereketleri bilen ýetirilen bolsa, onda kazyýet işi kazyýetde seredilýäne maddy zyýany doly möçberde tölemek borjuny ýükleýär we maddy zyýany işi kazyýetde seredilen bilen işi ýatyrylanlardan raýdaşlyk tertibinde töledip almak barada raýat kazyýet iş ýörediş tertibinde hak islegini bildirmek hukugynyň bardygyny hak isleýjä düşündirýär.

Eger maddy zyýan işi kazyýetde seredilýän adam bilen özi barada jenaýat işi aýratyn önümçilige bölünip aýrylan başga adamlaryň bilelikdäki hereketleri netijesinde ýetirilen bolsa, onda kazyýet işi kazyýetde seredilýäniň üstüne maddy zyýany doly mukdarda tölemek borjuny ýükleýär. Ýöne soňundan şol özi barada jenaýat işi aýratyn önümçilige bölünip aýrylan adam barada aýyplaw hökümi çykarylan halatynda, kazyýet oňa şol maddy zyýany öňki günäli bilnen adam bilen raýdaşlyk tertibinde tölemek borjuny ýüklemelidir.

6. Jenaýat wakasynyň bolandygynyň ýa-da edilen jenaýata işi kazyýetde seredilýän adamyň gatnaşandygynyň subut bolmandygy sebäpli aklaw hökümi çykarylanda, şeýle hem işi kazyýetde seredilýäniň hereketleriniň mejbury goranyşyň çäginde edilendigi üçin, onuň şol hereketlerinde jenaýatyň alamaty ýok diýip hasap edilip ol aklananda, kazyýet raýat hak islegini kanagatlandyrmakdan ýüz dönderýär.

Işi kazyýetde seredilýän adam barada onuň hereketlerinde jenaýatyň alamatlary ýok diýen esas bilen aklaw hökümi çykarylanda, şeýle hem Türkmenistanyň JIÝK-nyň 31-nji maddasynyň 3-10-njy bentlerinde we Türkmenistanyň JK-nyň 70-nji, 72-nji maddalarynda görkezilen esaslar boýunça jenaýat işi ýatyrylanda, kazyýet hak islegini seretmän galdyrýar. Jenaýat işine nägilelik we gözegçilik tertibinde seredilip, jenaýat işi şu esaslar boýunça ýatyrylanda hem raýat hak islegi barada şeýle netijä gelinýär.

7. Türkmenistanyň JIÝK-nyň 423-nji maddasynyň talaplaryna laýyklykda, kazyýet öz höküminde maddy zyýany töledip almaly diýip gelen netijesini delillendirmelidir we maddy zyýanyň nähili hereket ýa-da hereketsizlik bilen ýetirilendigini, onuň nähili subutnamalar bilen tassyk bolýandygyny, şeýle-de maddy zyýanyň möçberiniň hasaplanyp çykarylyşyny, raýat hak isleginiň haýsy kanuna esaslanyp çözülendigini görkezmelidir.

8. Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 230-njy maddasyna laýyklykda, öz jenaýatçylykly hereketleri bilen özleriniň zähmet gatnaşygynda durýan kärhanasyna zyýan ýetiren işçileriň şol ýetiren zyýany üçin doly möçberde maddy jogapkärçilik çekýändiklerini, eger olaryň öz gulluk borçlaryny ýerine ýetirýän mahaly eden hereketleri bilen üçünji tarapa maddy zyýan ýetirilen bolsa, onda jenaýat işi boýunça jebir çekene ýa-da raýat hak isleýjisine ýetirilen zyýany) Türkmenistanyň RK-nyň 1074-nji maddasynyň talabyna laýyklykda, şol işçiniň zähmet gatnaşyklarynda durýan kärhanasynyň tölemäge borçludygyny kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

9. Jenaýat netijesinde ýetirilen maddy zyýanyň möçberi hasaplanylyp çykarylanda raýat hak isleýjisiniň kimdigine we onuň eýeçiliginiň görnüşine seretmezden, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Orunbasarynyň 1999-njy ýylyň oktýabr aýynyň 9-yndaky № 27 sanly buýrugy gollanylmalydyr. Şol buýrukda görkezilişine görä, harytlar we hyzmatlar boýunça zyýan ýetirmekde günäli bilnen adam tarapyndan tölenmeli zyýanyň möçberi şoňa meňzeş harytlaryň we hyzmatlaryň zyýan tölenilýän wagtyndaky bazar (hakyky) bahasy barada Türkmenistanyň "Türkmenmillihasabat" Döwlet komiteti tarapyndan berlen maglumaty esasynda kesgitlenilýär.

Eger maddy zyýan milli walýutadaky pul serişdelerini ogurlamak we ş.m. jenaýatlar netijesinde ýetirilen bolsa, onda töledilmäge degişli puluň möçberini hasaplamak üçin, halkyň sarp edýän harytlarynyň sarp ediş bahalarynyň ortaça görkezijisi barada Türkmenistanyň "Türkmenmillihasabat" Döwlet komiteti tarapyndan berilýän maglumatdan ugur alynmalydyr.

Kazyýetler emläkleriň we başga gymmatlyklaryň ogurlanmagy, kem çykmagy, zaýalanmagy netijesinde ýetirilen zyýanyň möçberini, zerurlygyň ýüze çykyşyna baglylykda, bilermenleriň netijeleri esasynda kesgitleýärler.

10. Eger jenaýatyň närsesi bolan emläk bellenilen bahadan ýokary baha satylan bolsa, onda Türkmenistanyň RK-nyň III böleginiň III bölüminiň III babynyň düzgünlerine laýyklykda, onuň günäkärden alnan aratapawudy döwlet haýryna däl-de, jebir çekeniň peýdasyna geçirilýär.

11. Türkmenistanyň RK-nyň talaplaryna laýyklykda, jenaýat eden adamyň günäsiniň görnüşine seretmezden, jenaýatly hereketlerden jebir çeken raýatlaryň saglygyny dikeltmek üçin harçlanan serişdeleriň öweziniň doldurylmaga degişlidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Döwlet hassahanalarynda ýatymlaýyn görnüşde bejergi alnandygy üçin töledilip alynmaly puluň möçberi Türkmenistanyň Prezidentiniň 1997-nji ýylyň 25-nji aprelindäki № 3130 sanly "Jenaýatçylykly hereketlerden jebir çeken raýatlary stasionarda (ýatymlaýyn) bejermäge harçlanylýan serişdeleri hasaplamak üçin stawkalary (kesgitli möçberi) bellemek hakyndaky" Kararyny gollanmak arkaly hasaplanylmaly. Şol Kararda görkezilişine görä, töledilmeli puluň möçberi jebir çekeniň saglygy bejeriş edarasynda bolmagynyň bir gije-gündizi üçin ortaça aýlyk iş hakynyň 0,5 möçberine bellenilmeli. Şunda jebir çekeniň saglygy bejeriş edarasyna getirilen we ondan çykan günleriniň her biri aýratynlykda doly bir gije-gündiz diýip hasap edilmeli.

Türkmenistanyň RK-nyň 1079-njy maddasynyň manysyndan gelip çykyşyna görä, şu maksat bilen alynmaly puluň möçberi azaldylyp bilner, ýöne şu ýagdaýda kazyýet haýsy delillere esaslanyp şeýle netijä gelendigini hökümde (çözgütde) görkezmäge borçludyr.

12. Birnäçe adamyň bilelikde eden jenaýatçylykly hereketleri bilen maddy zyýan ýetirilen bolsa, şeýle zyýany tölemek boýunça şol adamlaryň hemmesi-de raýdaşlyk tertibinde deň jogapkärçilik çekýärler. Şunuň ýaly ýagdaýda kazyýetler:

- birnäçe adamlar tarapyndan birden köp wakaly (epizodly) jenaýat edilende, olaryň diňe özleriniň gatnaşandygy takyklanan jenaýatçylykly wakasy sebäpli ýetirilen maddy zyýany tölemek boýunça şoňa gatnaşan adamlar bilen bile raýdaşlyk tertibinde jogapkärçilik çekýändiklerini;

- şol bir jenaýat iş önümçiligi boýunça günäli bilnip iş kesilenem bolsa, ýöne niýetleri boýunça biri-birine umumy baglanyşygy bolmadyk aýry-aýry jenaýatlar üçin, şeýle hem biri betnebislikden edilen jenaýat üçin, meselem, ogurlyk üçin, beýlekileri bolsa sowuk-salalyk üçin iş kesilen adamlara ýetirilen maddy zyýany raýdaşlyk tertibinde tölemek jogapkärçiligiň ýüklenip bilinmeýändigini;

- günäli bilnip iş kesileniň jenaýatçylykly hereketleri üçin kanun boýunça maddy jogapkärçiligi çekýän raýatlaryň we edaralaryň jenaýat sebäpli ýetirilen zyýany raýdaşlyk tertibinde däl-de, paýlary boýunça tölemelidiklerini göz öňünde tutmalydylar.

Günäli bilnip iş kesilen adamlar maddy zyýany özleriniň bilelikde eden jenaýatçylykly hereketleri bilen ýetiren bolsalaram, eger raýat hak isleýjisiniň bähbitlerine laýyk gelýän we zyýanyň öweziniň dolunmagyny gowy üpjün edýän bolsa, onda kazyýetiň olara şol ýetiren maddy zyýanlaryny raýdaşlyk tertibinde däl-de, onuň kesgitli paýy tertibinde tölemek jogapkärçiligini ýüklemäge haklydygyny düşündirmeli.

Birnäçe adamlar tarapyndan ýetirilen zyýany töledip almak barada çözgüt kabul edende, kazyýet hökümiň karara gelinýän böleginde işi kazyýetde seredilýänleriň haýsylaryna raýdaşlyk tertibinde, haýsylaryna bolsa paý görnüşinde maddy jogapkärçilik ýüklenýändigini, ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak üçin alynmaly puluň kimiň peýdasyna we näçe möçberde töledilip alynmalydygyny görkezmäge borçludyr.

13. Biri-biri bilen raýdaşlyk tertibinde maddy jogapkär bolan adamlar barada çykarylan höküm olaryň biri barada sökülip, işiň şol bölegi täzeden seretmek üçin iberilende, ýetirilen maddy zyýany şol iş boýunça günäli bilnip iş kesilenleriň özleri barada höküm öňküligine galdyrylanlary doly möçberde tölemeli edilmelidirler.

Eger işe täzeden seredilende şol adam barada aýyplaw hökümi çykarylsa, onda ol ýetirilen maddy zyýany şu jenaýat boýunça öňki günäli bilnenler bilen raýdaşlyk tertibinde tölemäge borçly edilýär.

14. Işe nägilelik ýa-da gözegçilik tertibinde seredilende, iş boýunça maddy zyýanyň ýetirilendigi baradaky ýagdaýlar doly hem dogry takyklanan bolup, şu mesele boýunça goşmaça subutnama toplamak we barlamak zerurlygy bolmasa, ýöne şunda maddy hukuk kadalaryny ulanmakda ýalňyşlyk goýberilen bolsa, kazyýet hökümiň maddy zyýanyň öwezini doldurmak baradaky bölegine

üýtgetmeler girizmezden, ýagny töledilip alynmaly tutumyň möçberini azaltmaga ýa-da köpeltmäge haky bardyr.

Haçan-da maddy zyýanyň möçberiniň üýtgedilmegi işi kazyýetde seredilýäne bildirilen jenaýatçylykly hereketleriň maddalaşdyrylyşynyň ýa-da aýbyň göwrüminiň onuň ýagdaýyny ýaramzlaşdyrýan tarapyna üýtgetmegine getirýän bolsa we şu esaslar boýunça prokuror tarapyndan garşylyknama getirilen ýa-da jebir çeken tarapyndan şikaýat berlen bolsa, onda kazyýetiň hökümi sökülip, jenaýat işi täzeden derňemek ýa-da seretmek üçin iberilmäge degişlidir.

15. Hökümiň raýat hak islegi baradaky bölegi sökülende, kazyýet hak isleýjä bu mesele boýunça raýat kazyýet önümçiligi tertibinde kazyýete ýüz tutmaga hukugynyň bardygyny düşündirmelidir.

16. Jenaýat işinden gelip çykýan raýat hak islegine kazyýet raýat iş ýörediş tertibinde seredilende, kazyýet jenaýat işinde bar bolan, şeýle hem taraplar tarapyndan goşmaça getirilen we kazyýetiň öz başlangyjy boýunça toplanan subutnamalara esaslanyp çözgüt çykarýar.

Eger kazyýet ýetirilen zyýanyň raýat kazyýet iş ýörediş tertibinde takyklanan möçberinden ugur alyp, höküme gaýtadan seretmek zerur diýip netijä gelse, onda ol özüniň barlan hemme subutnamalary esasynda raýat hak islegi boýunça çözgüt çykarýar we şonuň bilen birlikde-de jenaýat işini gözegçilik tertibinde barlamak barada mesele goýmalydyr.

17. Hökümiň raýat hak islegi baradaky bölegi «Ýerine ýetiriş önümçiligi we kazyýet ýerine ýetirijileriniň hukuk ýagdaýy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 27-nji maddasynda bellenilen möhletleriň çäginde ýerine ýetirmek üçin berlip bilner.

Geçirilen möhlet hökümi çykaran kazyýet ýa–da zyýany töledip almak baradaky çözgüdiň ýerine ýetirilýän ýerindäki kazyýet tarapyndan dikeldilip bilner («Ýerine ýetiriş önümçiligi we kazyýet ýerine ýetirijileriniň hukuk ýagdaýy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 29-njy maddasy).

18. Haçan-da günäli bilnip iş kesilen adama ýetiren maddy zyýanynyň öwezini doldurmak borjuny ýüklemek bilen bir wagtda onuň emläginі muzdsuz almak hem ulanylan bolsa, onda ol baradaky höküm ýerine ýetirilende, «Ýerine ýetiriş önümçiligi we kazyýet ýerine ýetirijileriniň hukuk ýagdaýy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 71-nji maddasyna gollanylyp, onuň emläginiň hasabyna ilkinji nobatda ýetirilen maddy zyýanyň öwezi doldurylmalydyr.

19. Ýazga alnan ýa-da gozgamasyz edilen emlägiň dargadylandygy, satylandygy, gizlenendigi ýa-da bikanun berlendigi anyklananda, kazyýet şol emläk ynanylan adamy kanun tarapyndan bellenilen jogapkärçilige çekmek baradaky meseläni çözmelidir (Türkmenistanyň JK-nyň 225-nji maddasy).

20. Kazyýetler kanunyň maddy zyýanyň öwezini doldurtmagy üpjün etmäge gönükdirilen talaplarynyň anyklaýyş we deslapky derňew döwründe goýberilen her bir bozulmasyna degişli baha berip, täsir ediş çärelerini görmelidirler.

21. Hökümleriň raýat hak islegi baradaky böleginiň kanunylygyna we esaslylygyna gözegçiligi güýçlendirmegiň zerurdygyna nägilelik we gözegçilik basgançakly kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Jenaýat işlerine seredilen wagtynda zerur şertleriň bolandygyna garamazdan, zyýany töledip almak barada çözgüt çykarylmadyk bolsa, ýokary basgançakly kazyýet hususy kesgitnama çykarmak bilen bu kemterlige şol hökümi çykaran kazyýetiň ünsüni çekmeli we şol bir wagtyň özünde raýat kazyýet iş ýöredişi tertibinde hak islegini bildirmekleri üçin bu ýagdaýy ejir çekenleriň, raýat hak isleýjileriniň ýa-da degişli prokurorlaryň dykgatyna ýetirmelidir.

22. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň degişli kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri jenaýat netijesinde ýetirilen maddy zyýany töledip almak baradaky kanunçylygyň ulanylyşynyň iş tejribesini yzygiderli öwrenmeli we kemçilikleri düzetmek üçin çäreleri görmeli.

23. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumynyň 1995-nji ýylyň oktýabr aýynyň 20-ndäki “Ilata ýeňilleşdirilen baha boýunça satylýan käbir görnüşli ogurlanan harytlaryň bahasynyň möçberini kesgitlemek hakyndaky” kararyny güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy Ö.Ataýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy R.Ergeşow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ K A R A R Y № 2

2001-nji ýylyň awgust aýynyň 3-i Aşgabat şäheri

Iş kesilenlik aýbynyň öz-özünden aýrylmagynyň we aýrylyşynyň käbir meseleleri hakynda

(19.04.2014 ý. № 3; 18.12.2021 ý. № 12; 18.03.2023 ý. № 6 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Düşündiriş berilmegi talap edilýän, iş kesilenlik aýbynyň öz-özünden aýrylmagy we aýrylyşy bilen baglanyşykly meseleler kazyýet ýörelgelerinde ýüze çykdy. Şuňa baglylykda Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy

K A R A R E D Ý Ä R:

1. Kanunyň adamyň iş kesilenlik aýbynyň aýrylmagyny esasy we goşmaça jeza çäresiniň çekilmegi bilen baglaşdyrýandygy sebäpli, adamyň jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagy günäliligi döretmeýär. Wagt möhletiniň geçmegi we günä geçişligiň ulanylmagy (haçan-da ol jezanyň ulanylmagyny aradan aýyrýan bolsa) sebäpli jezadan boşatmak arkaly aýyplaw höküminiň çykarylan halatlary hem günäliligi döretmeýär, sebäbi aýyplanylýan garşy bolmadyk ýagdaýynda, bu esaslar boýunça iş önümçilikden ýatyrylmaga degişlidir.

2. Düzediş işlerine, belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemeklige ýa-da azatlygy çäklendirmeklige iş kesilip, degişlilikde Türkmenistanyň JK-nyň 48-nji maddasynyň 3-nji bölegine, 49-njy maddasynyň 4-nji bölegine ýa-da 51-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, ol jezalar azatlykdan mahrum etmeklige çalşylan adamlar barada iş kesilenlik aýby Türkmenistanyň JK-nyň 80-nji maddasynyň 2-nji böleginiň “b” bendinde görkezilen esaslar boýunça, ýagny azatlykdan mahrum etmekden has ýeňil jeza çäresine iş kesilen hökmünde öz-özünden aýrylýar.

3. Haçan-da iş kesileniň aýbyny aýyrmaýan günä geçmek ýa-da rehim etmek namasy boýunça jeza çekmekden boşadylanda ýa-da kazyýetiň şertleýin möhletinden öň boşatmak hakyndaky kesgitnamasy bilen jezadan boşadylanda, onuň aýby Türkmenistanyň JK-nyň 80-nji maddasynda görkezilen möhletiň çäginde, degişlilikde ol möhleti günä geçişligiň ýa-da rehim edişligiň ulanylan gününden ýa-da kazyýet tarapyndan şertleýin möhletinden öň boşatmak hakyndaky kesgitnamanyň çykarylan gününden başlap hasaplamak bilen öz-özünden aýrylýar. Eger şunda goşmaça jeza çäresi çekmäge degişli bolup galsa, onda iş kesilenlik aýbynyň aýrylmagy üçin möhleti goşmaça jeza çäresiniň çekilip tamamlanan gününden hasaplamaly.

Eger-de adam jezany çekmekden Türkmenistanyň JK-nyň 74-nji maddasynda (şertleýin möhletinden öň) görkezilen tertipde boşadylan bolsa ýa-da

Türkmenistanyň JK-nyň 79-njy maddasynda (günä geçişlik ýa-da rehim edişlik boýunça) görkezilen tertipde şertli boşadylan bolsa we çekilmän galan möhlet iş kesilenlik aýbynyň öz-özünden aýrylmagy üçin Türkmenistanyň JK-nyň 80-nji maddasynda görkezilen möhletden uly bolsa, onda çekilmedik jeza möhleti geçip gutarýança iş kesilenlik aýby öz-özünden aýrylmaýar, sebäbi şunda jezanyň çekilip gutarylmadyk bölegi synag möhleti bolup durýar.

4. Özleri barada Türkmenistanyň JK-nyň 77-nji maddasyna laýyklykda jezasyny çekmek yza süýşürilen göwreli aýallar we kiçi ýaşly çagalary bolan adamlar, eger olar çaga on dört ýaşyna ýetýänçä täze jenaýat etmedik bolsalar we çaga on dört ýaşyna ýeten soň kazyýet iş kesileni galan jezany çekmekden boşadandan soň, olar iş kesilenlik aýby ýok diýlip hasap edilmeli.

5. Aýyplaw höküminiň ýerine ýetirilmeginiň wagt möhletiniň geçirilmegi bilen jeza çekmekden boşadylan (Türkmenistanyň JK-nyň 78-nji maddasy) pursatdan başlap, adam iş kesilenlik aýby ýok diýip hasap edilýär.

6. Kazyýet tarapyndan bellenilen azatlykdan mahrum etmek jezasynyň çekilmedik bölegi Türkmenistanyň JK-nyň 75-nji we 79-njy maddalarynda görkezilen tertipde has ýeňil jeza bilen çalşylanda, iş kesilenlik aýby azatlykdan mahrum etmäge iş kesilen hökmünde öz-özünden aýrylýar we onuň möhleti has ýeňil jezanyň çekilip gutaran gününden başlap hasaplanmalydyr.

7. On sekiz ýaşy dolmanka jenaýat edenler üçin Türkmenistanyň JK-nyň 93-nji maddasynda iş kesilenlik aýbynyň öz-özünden aýrylyşynyň gysgaldylan möhletiniň göz öňünde tutulýanlygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

8. Eger-de jeza çäresini çeken adam iş kesilenlik aýbynyň öz-özünden aýrylmak möhleti geçýänçä ýene-de jenaýat etse, onda möhletini soňky jenaýat üçin jezany (esasy we goşmaça) çekenden soň hasaplamak bilen, olardan has agyr jenaýat üçin iş kesilenlik aýybynyň öz-özünden aýrylmak möhleti geçýänçä ol adam iki jenaýat üçin hem iş kesilen diýip hasap edilýär.

9. Adamyň jezadan şertleýin möhletinden öň boşadylmagynyň we şertleýin rehim ediş namasy bilen boşadylmagynyň, çekilmän galan jeza möhleti geçip gutarýança iş kesilenlik aýbyny möhletinden öň aýyrmaga kazyýetlere hukuk bermeýändigini, sebäbi kanunyň manysyna görä bu möhletiň synag möhleti bolup durýandygyny kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

10. Iş kesilenlik aýbyny möhletinden öň aýyrmak baradaky meseläni çözende, jezany çekenden soň geçen wagty nazara almak bilen, adamyň düzelendigini tassyklaýan jemgyýetçilik guramalary tarapyndan berilýän haýyşnamalary we maglumatlary kazyýetler hemmetaraplaýyn barlamalydyrlar. Şunda, iş kesilenlik aýbynyň möhletinden öň esassyz aýrylmagynyň, şeýle adamalar tarapyndan täze jenaýat ediläýende onuň hereketleriniň maddalaşdyrylyşyna täsir edýändigini we has ýeňil jeza ulanmaklyga getirýändigini nazara almaly.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy Ö.Ataýew
Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy R.Ergeşow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 3

2001-nji ýylyň awgust aýynyň 3-i Aşgabat şäheri

Jenaýatlaryň residiwi baradaky kanunçylygy ulanmagyň kazyýet iş tejribesi hakynda

(28.07.2012 ý. № 1; 25.07.2015 ý. № 2; 08.12.2018 ý. № 7; 24.07.2021 ý. № 7; 18.12.2021 ý. № 12; 18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3; 19.07.2025 ý. № 4; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen)

Öwrenilen maglumatlaryň şaýatlyk etmegine görä, köp halatlarda has howply jenaýatlar, başgalaryň jenaýatly ýola çekilmegi bilen öň kazyýet jogapkärçiligine çekilen adamlar tarapyndan edilýär.

Şu mesele boýunça kazyýet iş tejribesini ara alyp maslahatlaşyp, kazyýetleriň öň kazyýet jogapkärçiligine çekilen adamlar tarapyndan edilen jenaýatlar baradaky işlere seretmeklige ünsi güýçlendirendiklerini, jenaýatlaryň residiwi baradaky kanunçylygy ulanmakda goýberilýän ýalňyşlyklaryň azalýandygyny Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy belleýär.

Şunuň bilen birlikde esasan hem residiwiň ýa-da onuň görnüşiniň kesgitlenilmegi bilen baglylykda, käbir kazyýetler öň birnäçe gezek kazyýet jogapkärçiligine çekilen we täzeden jenaýat eden adamlara ýeňil jeza çäresini belleýärler, azatlykdan mahrum edilenlere düzediş edarasynyň görnüşini kesgitlände ýalňyşlyk goýberýärler.

Işi kazyýetde seredilýäniň öň kazyýet jogapkärçiligine çekilendigi baradaky maglumatlary doly we hemme taraplaýyn aýdyňlaşdyrmaklyga ýeterlik üns berilmeýändigini, jenaýatyň resiwidiniň görnüşi baradaky meseläni çözmekde käwagt ýalňyşlyga getirýär. Şunda residiw üçin başga GDA döwletleriniň kazyýetleriniň SSSR ýatyrylmazdan öňki we soňky hökümlerini kabul etmek baradaky meseleler, kimi azatlykdan mahrum etmeklige iş kesilen hasap etmelidigi baradaky meseleler, ähli kazyýetler tarapyndan birmeňzeş çözülmeýär.

Neşekeşlik, zähmet çekmegi islemezlik we başga-da şuňa meňzeş hadysalar hem-de administratiw gözegçiligiň kanagatlanarsyz geçirilýändigi baradaky ýagdaýlar we jeza çekip gelenler bilen terbiýeçilik işini guramakda goýberilýän säwlikler ýaly, öň kazyýet jogapkärçiligine çekilenleriň jenaýat etmegine ýardam edýän sebäpleri we şertleri doly aýdyňlaşdyrmaklyga we aradan aýyrmaklyga kazyýetler häli az üns berýärler.

Welaýat we Aşgabat şäher kazyýetleri işlere nägilelik we gözegçilik tertibinde seredenlerinde görkezilen kemçilikleri aradan aýyrmak üçin ähli çäreleri görmeýärler.

Bar bolan kemçilikleri aradan aýyrmak we ýalňyşlyklary goýbermezlik hem-de jenaýatlaryň residiwi hakyndaky kanunçylygyň birmeňzeş ulanylyşyny üpjün etmek maksady bilen, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy

K A R A R E D Ý Ä R:

1. Iş kesilenlik aýyby bar adamlar tarapyndan jenaýat edilmeginiň öňüni almaklygyň we ony ýok etmekligiň wajypdygyny nazara alyp, jenaýatlaryň residiwi hakyndaky kanunçylygy berk berjaý etmekleri esasynda özleriniň işini geljekde kämilleşdirmeklige kazyýetleriň aýratyn üns bermekleri zerurdyr.

2. Iş kesilenlik aýyby bar adamlar barada residiwi dogry kesgitlemek hem-de jeza bellemekde we düzediş edarasynyň görnüşini kesgitlemekde goýberilýän ýalňyşlyklaryň öňüni almak maksady bilen, deslapky derňewiň we kazyýet seljerişiniň dowamynda olaryň günäliligi baradaky maglumatlary ykjam barlamaly.

3. Türkmenistanyň JK-nyň 18-nji maddasyna laýyklykda jenaýatlaryň residiwi diýip bilmek üçin her bir aýrylmadyk ýa-da öz-özünden aýrylmadyk iş kesilenlik aýybynyň esas bolup bilmän, olardan diňe adamyň on sekiz ýaşyna ýetenden soň bilkastlaýyn jenaýatlar üçin iş kesilmegi bilen baglanyşyklylarynyň esas bolup bilýändigini kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar. Oňa görä-de, şeýle çözgüde gelmek üçin päsgelçilik döredýän ýagdaýlaryň bar-ýokdugyny kazyýetler barlamalydyrlar (öňki jenaýatlary näçe ýaşyndaka edipdir, olar üçin iş kesilenlik aýby aýrylypmy, ýokardaky kazyýet tarapyndan jezanyň görnüşi ýa-da etmişiniň maddalaşdyrylyşy üýtgedilmändirmi we ş.m)

4. Hukuk kömegi we raýat, maşgala we jenaýat işler boýunça hukuk gatnaşyklary hakyndaky 1993-nji ýylyň ýanwar aýynyň 22-sindäki Minsk Konwensiýasyna laýyklykda, başga GDA döwletleriniň kazyýetleriniň SSSR ýatyrylandan soňky çykarylan hökümleri Türkmenistanyň çäginde diňe ýetirilen zyýany öndürip almak baradaky bölegi kabul edilýär. Oňa görä-de, olary jenaýatlaryň residiwi baradaky meseläni çözende göz öňünde tutup bolmaz.

5. Eger adam birnäçe gezek jenaýat edip diňe onuň biri üçin iş kesilen bolsa we beýleki jenaýatlaryň üsti günäkäre birinji iş üçin höküm çykarylandan soň açylan bolsa, onda Türkmenistanyň JK-nyň 18-nji maddasyna görä görkezilen jenaýatlar üçin günälilikler jenaýatlaryň residiwi baradaky meseläni çözende, jogapkärçiligiň jenaýatlaryň umumy jemi boýunça (Türkmenistanyň JK-nyň 62-nji maddasynyň 5-nji bölegi) düşýändigi üçin, jenaýatlaryň residiwini ýüze çykarmaýandygyny kazyýetlere düşündirmeli.

6. Türkmenistanyň JK-nyň 18-nji maddasynyň 2-nji we 3-nji böleklerіniň “a” bendi ulanylanda, öň azatlykdan mahrum etmeklige iş kesilen adam diýip, öň kazyýetiň kanuny güýje giren hökümi bilen azatlykdan mahrum etmek görnüşli bellenen jeza: düzediş edaralarda ýa-da türmede çekmäge degişli, şol sanda haçan-da adam Türkmenistanyň JK-nyň 78-nji maddasyna laýyklykda aýyplaw hökümiň wagt möhletiniň geçmegi sebäpli jezany çekmekden boşadylandan başga ýagdaýlarda jezany çekmedik bolsa (Mysal üçin, ony çekmekden boýun gaçyrýan ýa-da Türkmenistanyň JK-nyň 79-njy maddasy esasynda günä geçmek ýa-da rehim etmek namasy boýunça ony çekmekden şertli boşadylan); şertli bellenilen

(Türkmenistan SSR-niň JK-synyň 44-nji maddasy ýa-da Türkmenistanyň JK-nyň 67-nji maddasy); hökümiň ýerine ýetirilmegini ýa-da jezanyň çekdirilmegini yza süýşürmek bilen bellenilen (Türkmenistan SSR-iň JK-synyň 45^1-nji maddasy ýa-da Türkmenistanyň JK-nyň 77-nji maddasy); zähmete çekmek bilen şertli bellenilen (Türkmenistan SSR-iň JK-synyň 24^1-nji maddasy ýa-da Türkmenistanyň JK-nyň häzirki wagtda aýrylan 69^1-nji maddasy) adamlar hasap edilýär.

Şunuň bilen baglylykda azatlykdan mahrum etmek jezasy şertli ýa-da onuň ýerine ýetirilmegi we çekilmegi yza süýşürilmek, ýa-da zähmete çekmek bilen şertli bellenilen adam, eger synag möhletiniň, ýa-da zähmete çekilýän möhletiniň ýa-da hökümiň ýerine ýetirilmeginiň jeza çekilmeginiň yza süýşürilen döwrüniň dowamynda täze jenaýat eden bolsa, onda onuň aýrylmadyk iş kesilenlik aýyby residiw diýip bilmek üçin göz öňünde tutulmaga degişlidir.

Şunda kazyýetleriň hökümi bilen bellenen jeza (düzediş işleri, belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek) Türkmenistanyň JK-nyň 48-nji maddasynyň 3-nji böleginde we 49-njy maddasynyň 4-nji böleginde göz öňünde tutulan esaslar boýunça azatlykdan mahrum etmeklik bilen çalşyrylan adamlar; Türkmenistanyň JK-nyň 54-nji maddasyna laýyklykda edilen jenaýat üçin kazyýet tarapyndan azatlykdan mahrum etmekliginiň ýerine harby-düzediş bölüminde saklamaklyk ulanylan harby gullukçylar; bilkastlaýyn we seresapsyzlykdan edilen jenaýatlaryň jeminde bilkastlaýyn edilen jenaýat üçin azatlykdan mahrum etmek bilen bagly bolmadyk jeza bellenilen adamlar-azatlykdan mahrum etmeklige iş kesilen hökmünde seredilip bilinmez.

7. Türkmenistanyň JK-nyň 18-nji maddasynyň 1-nji bölegi, 2-nji we 3-nji bölekleriniň “b” bentleri ulanylanda, öňki höküm boýunça bellenilen jezanyň görnüşiniň ähmiýeti ýokdyr.

8. Jenaýatyň residiwiniň görnüşiniň kesgitlenilmeginiň diňe seredilýän işiň özi boýunça hukuk ähmiýetiniň bardygy sebäpli, hökümiň beýan ediş-delillendiriş böleginde onuň delillendirilmegi we görkezilmegi ýeterlikdir.

9. Kazyýetleriň haýsy hem bolsa bir residiwde jenaýat eden adamlar üçin Türkmenistanyň JK-nyň 61-nji maddasynyň 2-nji böleginde görkezilen jezalaryň mukdarynyň çägini berk saklamaklary gerek. Doly amala aşyrylmadyk jenaýatda, hat-da haýsy hem bolsa bir residiwiň bardygyna seretmezden, jezanyň ýokary çägi Türkmenistanyň JK-nyň 59-njy maddasynda görkezilen möçberden köp bolup bilmez. Bu ýagdaýlarda jeza Türkmenistanyň JK-nyň 58-nji maddasyny ulanmak bilen bellenilýär.

10. Neşekeşlik, zähmet çekmegi islemezlik we başga-da şuňa meňzeş hadysalar, şeýle hem administratiw gözegçiliginiň kanagatlanarsyz geçirilýänligi baradaky ýagdaýlar we jeza çekip gelenler bilen terbiýeçilik işini guramakda goýberilýän säwlikler ýaly, öň kazyýet jogapkärçiligine çekilenleriň jenaýat etmegine ýardam edýän sebäpleri we şertleri ykjam ýüze çykarmagyň we olary aradan aýyrmak maksadynda öz wagtynda seredilmegine we görlen çäreler barada habar berilmegine degişli gözegçiligi üpjün etmek bilen hususy kesgitnamalary (kararlary) çykarmagyň zerurdygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

11. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher

kazyýetleri jenaýatlaryň residiwi baradaky kanunçylygyň ulanylyşynyň kazyýet ýörelgelerini yzygider öwrenmeli, öň kazyýet jogapkärçiligine çekilen adamlaryň jenaýat etmeklerine ýardam edýän sebäpler we şertler baradaky maglumatlaryny gözden geçirip we umumylaşdyryp, olary aradan aýyrmak barada degişli edaralaryň öňünde mesele goýmaly.

12. Şu Kararyň kabul edilmegi bilen Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumynyň 1992-nji ýylyň iýul aýynyň 17-sindäki №6 sanly "Türkmenistanyň kazyýetleri tarapyndan residiw jenaýatlar baradaky işler boýunça kanunçylygy ulanmagyň iş ýörelgeleri hakyndaky" kararyny güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy Ö.Ataýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy R.Ergeşow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 4

2001-nji ýylyň awgust aýynyň 3-i Aşgabat şäheri

Azatlykdan mahrum edilenlere, düzediş edarasynyň görnüşini bellemegiň kazyýet iş tejribesi hakynda

(28.07.2012 ý. № 1; 25.07.2015 ý. № 2; 08.12.2018 ý. № 7; 17.10.2020 ý. № 11; 18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3; 19.07.2025 ý. № 4; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen)

Kazyýet ýörelgelerini umumylaşdyrmagyň maglumatlaryna seredip, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy kazyýetleriň azatlykdan mahrum etmeklige iş kesilenlere düzediş edarasynyň görnüşini, Türkmenistanyň JK-nyň 66-njy maddasyna laýyklykda, esasan, dogry kesgitleýändirklerini belleýär.

Şonuň bilen birlikde kazyýetler edilen jenaýatyň agyrlygyna we günäkäriň şahsyýetine baglylykda azatlykdan mahrum etmäge iş kesilenleri aýry-aýrylykda saklamagyň tertibini göz öňünde tutýan kanunyň bozulmagyna getirýän ýalňyşlyklary käwagt goýberýärler.

Kanunda ýol berilmeýändigine seretmezden, kazyýetleriň öz ygtyýarlary boýunça düzediş edarasynyň ol ýa-da beýleki görnüşini belleýän halatlary duş gelýär.

Kämillik ýaşyna ýetmediklere seresapsyzlykdan eden jenaýaty üçin we öň azatlykdan mahrum etmek görnüşli jezany çekenlere iş kesilende, hem-de bilkastlaýyn we seresapsyzlykdan edilen jenaýatlar üçin bilelikde iş kesilen günäkärlere düzediş edarasynyň görnüşini kazyýet tarapyndan bellemek ýörelgelerinde birmeňzeşlik ýok.

Kanunda esaslandyrylmandygyna seretmezden, käbir kazyýetler kämillik ýaşyna ýetmediklere azatlykdan mahrum etmekligi terbiýeleýiş edarasynda bellänlerinde, olar on sekiz ýaşyna ýetenlerinden soň jezany çekmeli düzediş edarasynyň görnüşini hökümlerde görkezýärler.

Käwagtlar kazyýetler, düzediş edarasynyň görnüşini dogry bellemek üçin ähmiýeti bolan, işi kazyýetde seredilýäniň şahsyýeti, onuň öň azatlykdan mahrum ediş ýerlerinde bilkastlaýyn edilen jenaýat üçin jeza çekendigi baradaky maglumatlary ykjam barlamaýarlar.

Birinji basgançakly kazyýet tarapyndan goýberilýän şu we başga ýalňyşlyklara nägilelik we gözegçilik basgançakly kazyýet tarapyndan ýeterlik üns berilmeýär.

Görkezilen kemçilikleri aradan aýyrmak maksady bilen we düşündiriş berilmegini talap edýän, kazyýet iş tejribesindäki meseleler bilen baglylykda Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy

K A R A R E D Ý Ä R:

1. Azatlykdan mahrum edilenlere jeza çäresini çekmeli düzediş edarasynyň görnüşini bellemegiň tertibini kesgitleýän, Türkmenistanyň JK-nyň 66-njy maddasynyň talaplaryny gyşarnyksyz berjaý etmegiň zerurdygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli. Şunda kazyýetiň ygtyýary boýunça düzediş edarasynyň ol ýa-da beýleki görnüşini bellemek mümkinçiligini kanunyň aradan aýyrýandygyny göz öňünde tutmaly.

Düzediş edarasynyň höküm boýunça bellenen görnüşini üýtgetmek, Türkmenistanyň Jenaýat-ýerine ýetiriş kodeksiniň 86-njy, 88-nji maddalarynda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda we Türkmenistanyň JIÝK-nyň 479-njy maddasyna laýyklykda kazyýetler tarapyndan amala aşyrylýar.

2. Bilkastlaýyn edilen uly bolmadyk agyr ýa-da ortaça agyr jenaýatlar üçin ilkinji gezek azatlykdan mahrum etmäge iş kesilen erkek adamlar, jynsyna garamazdan jenaýaty amala aşyrandan soň kämillik ýaşyna ýeten we azatlykdan mahrum etmäge iş kesilen adamlar umumy düzgünli düzediş edarasynyň bellenýändigini kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

3. Jenaýatlaryň jemi ýa-da hökümleriň jemi boýunça azatlykdan mahrum etmek görnüşli jeza bellenende, düzediş edarasynyň görnüşi ýa bolmasa jezanyň belli bir bölegini türmede çekdirmegi kazyýet her jenaýat üçin aýry bellemeli däl-de, diňe gutarnykly jezany kesgitlände bellemeli.

Birisi bilkastlaýyn, beýlekileri bolsa seresapsyzlykdan edilen jenaýatlaryň jeminde diňe bilkastlaýyn edilen jenaýat üçin, azatlykdan mahrum etmek bilen bagly bolmadyk jeza bellenen ýagdaýynda, kazyýet jezany çekmegi göçürilip eltilen ýerlerde belläp biler.

4. Hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, kämillik ýaşyna ýetmedige azatlykdan mahrum etmäge iş kesilende kazyýet, onuň on sekiz ýaşyna ýetenden soň jeza çekmek üçin geçirilmeli edarasynyň görnüşini kesgitlemezden, jezany terbiýeleýiş edarasynda çekmegi belleýändir.

On sekiz ýaşyna ýeteni düzediş edarasyna ýa-da mejbury göçürilip eltilen ýerlere geçirmek baradaky mesele kazyýet mejlisine hökmany suratda iş kesileni çagyrmak we Türkmenistanyň JIÝK-nyň 479-njy, 481-nji maddalaryndaky iş ýörediş düzgünleri berjaý etmek arkaly, jeza çekilýän ýerdäki kazyýetiň kesgitnamasy esasynda çözülýär.

5. Türkmenistanyň JK-nyň 66-njy maddasynyň 1-nji böleginiň “b” bendi ulanylanda, öň edilen bilkastlaýyn jenaýat üçin azatlykdan mahrum etmeklige iş kesilen we ony türmede ýa-da düzediş edarasynda çeken adamyň, eger-de şol jenaýat üçin täze jenaýatyň edilen pursatyna çenli iş kesilenlik aýby aýrylmadyk we öz-özünden aýrylmadyk bolsa, onda şol adamyň öň azatlykdan mahrum etmek görnüşli jezany çeken hasap edilmelidigini, kazyýetlere düşündirmeli.

Ondan başga-da, azatlykdan mahrum etmek görnüşli jezany öň çekenleriň hataryna:

a) bilkastlaýyn edilen jenaýatlar üçin azatlykdan mahrum etmeklige şertli iş kesilip (şol sanda zähmete çekmek bilen hem), şeýle hem azatlykdan mahrum etmeklige iş kesilip, hökümiň ýerine ýetirilmegi ýa-da jezanyň çekilmegi yza

süýşürilip, soňy bilen azatlykdan mahrum etmekligi çekmek üçin düzediş edara iberilenler;

b) bilkastlaýyn edilen jenaýatlar üçin günä geçmek ýa-da rehim etmek namasy boýunça, iş kesilenlik aýby aýrylman, türmeden ýa-da düzediş edaralaryndan boşadylanlar;

ç) bilkastlaýyn edilen jenaýatlar üçin azatlykdan mahrum edilip, hökümiň kanuny güýjüne girmegi bilen ony çekmek üçin derňew gabawhanalarynda galdyrylanlar;

d) azatlykdan mahrum edilip, jezanyň bir bölegini çeken we azatlykdan mahrum ediş ýerlerden Türkmenistanyň JK-nyň 76-njy maddasynyň 1-nji we 2-nji bölekleri esasynda kesellidigi zerarly boşadylanlar;

e) başga döwletiň kazyýetiniň hökümi bilen azatlykdan mahrum etmeklige iş kesilip, jezany çekmegi dowam etmek üçin Türkmenistana berilmegi bilen baglylykda, Türkmenistanyň düzediş edaralarynda hökümi ýerine ýetirmek üçin kabul etmek baradaky çözgüde laýyklykda, azatlykdan mahrum etmekligi çekenler we SSSR ýatyrylýança GDA girýän başga döwletleriň kazyýetleriniň hökümleri boýunça iş kesilenlik aýby bar adamlar girýär.

6. Aşakdakylara azatlykdan mahrum etmek görnüşli jezany öň çekenler hökmünde seredilip bilinmez:

a) bilkastlaýyn we seresapsyzlykdan edilen jenaýatlaryň jemi boýunça azatlykdan mahrum etmeklige iş kesilenler, eger-de bilkastlaýyn edilen jenaýat üçin azatlykdan mahrum etmek bilen bagly bolmadyk jeza bellenen bolsa;

b) düzediş işlerine ýa-da belli bir ýerde ýaşamak borjy ýüklenmeklige iş kesilenlere, Türkmenistanyň JK-nyň 48-nji maddasynyň 3-nji böleginde ýa-da 49-njy maddasynyň 4-nji böleginde görkezilen esaslar boýunça bu jeza çäreleri azatlykdan mahrum etmek bilen çalşylan bolsa;

ç) edilen jenaýat üçin Türkmenistanyň JK-nyň 54-nji maddasyna laýyklykda, kazyýet tarapyndan azatlykdan mahrum etmekliğiň ýerine harby-düzediş bölümlerde saklamaklyk ulanylan adamlar;

d) eger-de, kazyýetleriň hökümleri boýunça düzediş edaralarynda saklanýan adamlar barada nägilelik ýa-da gözegçilik tertibinde iş ýatyrylmak bilen höküm sökülen bolsa ýa-da höküm üýtgedilip azatlykdan mahrum etmek bilen bagly bolmadyk ýa-da şertli iş kesmekligi ulanmak bilen jeza bellenen bolsa;

e) azatlykdan mahrum etmeklige iş kesilen, ýöne özleri barada günä geçmek ýa-da rehim etmek namasynyň ulanylmagy sebäpli jezany hakykat ýüzünde düzediş edaralarynda çekmedik adamlar;

ä) azatlykdan mahrum etmekligi çekýän ýa-da çeken adamlara, şol höküm çykmazdan öňki edilen jenaýatlar üçin iş kesilende;

f) jenaýatçylyklydygy we jeza berilmelidigi hereket edýän kanun boýunça aýrylan etmişler üçin, şeýle hem eger-de hereket edýän kanunda olaryň edilendigi üçin azatlykdan mahrum etmek görnüşli jeza göz öňünde tutulmaýan etmişler üçin azatlykdan mahrum etmeklige iş kesilen we ony azatlykdan mahrum ediş ýerlerinde çeken adamlar;

g) esasy jeza çäresi hökmünde bellenen jerimäni tölemekden bilkastlaýyn boýun gaçyran halatynda, jerime kazyýet tarapyndan azatlykdan mahrum etmek bilen çalşylan bolsa.

7. Aýallara aýratyn howply residiwden başga ähli halatlarda bilkastlaýyn edilen jenaýat üçin azatlykdan mahrum etmeklige iş kesilende jezany çekmegiň umumy düzgünli düzediş edarasynda, aýratyn howply residiwde-berk düzgünli düzediş edarasynda, seresapsyzlykdan edilen jenaýatlar üçin iş kesilen aýallara azatlykdan mahrum edilmek görnüşindäki jeza möhletini doldurmak düzediş edaralaryna mejbury göçürilip eltilen ýerlerinde bellenilýändigini kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

8. Türkmenistanyň JK-nyň 66-njy maddasynyň 2-nji böleginiň manysyna görä, jeza möhlediniň bir bölegini türmede çekmek, jenaýaty haýsy ýaşynda edendigine seretmezden, höküm çykarylan pursatyna çenli on sekiz ýaşyna ýetenler barada bellenilýär. Jeza möhlediniň bir bölegini türmede çekmek bellenende, kazyýet gelen çözgüdini hökümde delillendirmeli we azatlykdan mahrum etmek jeza çäresiniň beýleki bölegini haýsy düzediş edarasynda çekmelidigini görkezmeli.

9. Azatlykdan mahrum etmekligi çekmegi dowam etdirmek üçin iş kesilen adam Türkmenistanyň Jenaýat-ýerine ýetiriş kodeksiniň 86-njy maddasynda görkezilen tertipde türmeden düzediş edarasyna geçirilende, iş kesileniň derňew gabawhanasynda saklanan wagty höküm boýunça bellenilen türme tussaglygynyň möhletine girmeýär.

10. Seresapsyzlykdan edilen jenaýatyň residiw üçin täsiri ýoklugy sebäpli, günälilik aýyplarynyň bardygyna seretmezden, seresapsyzlykda jenaýat eden adamlar barada azatlykdan mahrum etmek jeza çäresini çekmegi mejbury göçürilip eltilen ýerlerde bellemeli.

11. Düzediş işleriniň azatlykdan mahrum etmek bilen çalşylmagy bilen (JK-nyň 48-nji maddasynyň 3-nji bölegi), şertli iş kesilmegiň (JK-nyň 68-nji maddasynyň 3-nji bölegi) we jezany çekmegiň yza süýşürilmeginiň (JK-nyň 77-nji maddasynyň 2-nji bölegi) ýatyrylmagy bilen azatlykdan mahrum ediş ýerlerine iberilýän adamlara jezany çekmek, olar şu jenaýatlar üçin azatlykdan mahrum edilen ýagdaýlarynda bellenmäge degişli düzediş edaralarynda bellenýär.

12. Kazyýet iş kesilenlere düzediş edaralarynyň degişli düzgününi bellemek üçin esas bolup biljek maglumatlary doly toplamaklary üçin anyklaýyş we deslapky derňew edaralaryna zerur talapkärligi bildirmelidirler.

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri goýberilen ýalňyşlyklary wagtynda düzedip, aşakdaky kazyýetler tarapyndan azatlykdan mahrum etmeklige iş kesilenlere düzediş edarasynyň görnüşiniň bellenilişiniň kanuny we esaslydygyna gözegçiligi güýçlendirmelidiler.

13. Iş kesilene has berk düzgünli düzediş edarasynyň görnüşi esassyz bellenilen ýagdaýynda, ýokardaky kazyýet işe nägilelik ýa-da gözegçilik tertibinde seredip, iş kesilene jezany degişli düzediş edarasynda çekmegi bellemäge haklydyr.

Eger-de iş kesilene ýalňyşlyk bilen ýeňil düzgünli düzediş edarasynyň görnüşi bellenilen bolsa, nägilelik basgançakly kazyýet prokuroryň nägilelik teklipnamasy ýa-da jebir çekeniň nägilelik şikaýaty bilen, şonuň ýaly-da gözegçilik basgançakly

kazyýet höküm kanuny güýje girenden soň bir ýylyň içinde degişli garşylyknama boýunça hökümiň şu bölegini sökýär we Türkmenistanyň JIÝK-nyň 480-nji we 481-nji maddalaryna laýyklykda düzediş edarasynyň degişli görnüşini bellemek üçin, işi täzeden seretmeklige iberýär.

Eger-de hökümde edaranyň görnüşi bellenilmedik bolsa, onda nägilelik ýa-da gözegçilik basgançakly kazyýetler hususy kesgitnama (karar) bilen goýberilen kanun bozma we edaranyň görnüşini bellemgiň zerurdygy barada kazyýetiň dykgatyna ýetirýär. Şu ýagdaýda edaranyň görnüşi, hökümi çykaran kazyýet tarapyndan Türkmenistanyň JIÝK-nyň 480-nji we 481-nji maddalarynyň düzgünleri boýunça bellenilmelidir.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy Ö.Ataýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy R.Ergeşow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 5

2001-nji ýylyň awgust aýynyň 3-i Aşgabat şäheri

Jenaýat jezasy bellenilende kazyýetler tarapyndan kanunçylygyň berjaý edilişi hakynda

(28.07.2012 ý. № 1; 25.07.2015 ý. № 2; 16.07.2016 ý. № 4; 08.12.2018 ý. № 7; 18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3; 19.07.2025 ý. № 4; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Jenaýat etmekde günäkär adamlara jenaýat jezasyny bellemek boýunça kazyýet ýörelgesini ara alyp maslahatlaşyp we jenaýat jezasyny bellemegiň tertibini düzgünleşdirýän Türkmenistanyň jenaýat kanunçylygynyň üýtgedilmegi bilen baglylykda, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy

K A R A R E D Ý Ä R:

1.Jenaýat jezasy belenilende, kazyýetler jezany bellemegiň Türkmenistanyň JK-nyň 55-nji maddasynda görkezilen umumy esaslaryny gyşarnyksyz berjaý etmelidirler, şeýle hem işi kazyýetde seredilýän günäli bilnen halatynda jenaýatyň görnüşini we agyrlygyny, residiwi we onuň görnüşi, jenaýatyň ýerine ýetirilen derejesini, adamlaryň topary, guramaçylykly topar ýa-da jenaýatçylykly bileleşik tarapyndan jenaýat edilende işi kazyýetde seredilýäniň oňa gatnaşyjylyk derejesini, onuň hereketiniň jenaýatçylykly maksada ýetmekde we ýetirilen ýa-da ýetirilmegi mümkin bolan zyýanyň häsiýetine we mukdaryna täsir etmekde ähmiýetini, jenaýatlaryň jemini bar ýa-da ýokdugyny, jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän ýagdaýlary, kanunda göz öňünde tutulandan has ýeňil bellemek ýa-da şertli iş kesmek üçin esaslary göz öňünde tutmaly.

Şeýle hem jenaýat kanunynda kämillik ýaşyna ýetmedik adamlar, aýallar, pensiýa ýaşyna ýetenler, maýyplygy bolan adamlar we ş.m. üçin jenaýat jezasyny bellemegiň aýratynlyklarynyň bardygyna görä, kazyýetler işi kazyýetde seredilýäniň jynsyna, ýaşyna we işe ýarawlylygyna üns bermelidirler.

2. Agyr we aýratyn agyr jenaýatlary edenlere, esasan hem olary guramaçylykly toparyň ýa-da jenaýatçylykly bileleşigiň düzüminde edenlere, şeýle hem öň kazyýet jogapkärçiligine çekilip, düzediş ýoluna düşmek işlemeýänlere kanunda göz öňünde tutulan berk jeza çäresini ulanmaklygyň hökmanylygyny ara alyp maslahatlaşmagyň zerurdygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

3. Jezanyň görnüşini we mukdaryny kesgitlemek üçin düýpli ähmiýeti bardygy sebäpli, kazyýetler işi kazyýetde seredilýäniň şahsyýeti baradaky maglumatlary hemmetaraplaýyn, doly we tarapgöýsüzlikli barlamalydyrlar. Hususan-da, işi

kazyýetde seredilýäniň saglyk ýagdaýyny, işe ýarawlylygyny, zähmete we okuwa gatnaşygyny, iş kesilenlik aýby hakyndaky maglumatlary aýdyňlaşdyrmak zerur.

Işi kazyýetde seredilýäniň maşgala ýagdaýyny aýdyňlaşdyryp, Türkmenistanyň JK-nyň 55-nji maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda kazyýet jeza bellände bellenen jezanyň onuň maşgala durmuş şertlerine täsirini göz öňünde tutmalydyrlar.

4. Kazyýetler Türkmenistanyň JK-nyň 56-njy maddasynda görkezilen jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän ýagdaýlaryň sanawynyň gutarnykly däldigi sebäpli, jeza bellände şu maddanyň birinji böleginde görkezilmedik ýagdaýlary hem jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän ýagdaýlar hökmünde nazara alyp bilerler.

5. Türkmenistanyň JK-nyň 57-nji maddasynyň 1-nji böleginde görkezilen, jogapkärçiligi agyrlaşdyrýan ýagdaýlaryň sanawynyň gutarnyklydygy sebäpli, kazyýet tarapyndan anyklanan jenaýat edilendäki ýa-da kazyýetde seredilýäni häsiýetlendirýän başga ýagdaýlar (spirtli içgileri kast edip ulanmak, köpçülikde özüni alyp barmak düzgünlerini bozmak, maşgala, okuwa, işe erbet gatnaşygy we.ş.m.), jeza bellenende göz öňünde tutulyp bilner, ýöne jogapkärçiligi agyrlaşdyrýan diýip bilnimez.

Haçan-da Türkmenistanyň JK-nyň 56-njy we 57-nji maddalarynda göz öňünde tutulýan ol ýa-da beýleki ýagdaýlar, JK-nyň Aýratyn böleginiň maddalarynyň dispozisiýasynda jenaýatyň bir maddalaşdyryjy alamaty hökmünde görkezilen bolsa, ony edilen jenaýat üçin jeza bellenilende jogapkärçiligi we jezany ýeňilleşdirýän ýa-da agyrlaşdyrýan ýagdaý hökmünde göz öňünde tutup bolmaz.

Şeýle hem, Türkmenistanyň JK-nyň 56-njy maddasynda görkezilen jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän ýagdaýlar bolup, jezany agyrlaşdyrýan ýagdaýlar bolmadyk halatynda, jezanyň şu Kodeksiň Aýratyn böleginiň degişli maddalarynda gutarylan jenaýat üçin göz öňünde tutulan jezanyň has berk görnüşiniň möçberiniň dörtden üç böleginden köp bolup bilmeýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

6. Eger-de, öňki edilen jenaýat üçin jenaýat jogapkärçiligine çekmegiň wagt möhleti dolan bolsa, iş kesilenlik aýby hereket edýän tertipde aýrylan ýa-da öz-özünden aýrylan bolsa ýa-da adamyň öňki eden hereketi üçin jeza berilmelidigi kanun bilen aýrylan bolsa, şeýle hem, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň Umumy böleginde görkezilen esaslar boýunça adam öňki edilen jenaýat üçin jenaýat jogapkärçiliginden boşadylan bolsa, onda täze jenaýat eden adam üçin, öňki edilen haýsydyr bir jenaýata jenaýat jogapkärçiligini agyrlaşdyrýan ýagdaý hökmünde seredip bolmaz.

7. Türkmenistanyň JK-nyň 58-nji maddasyna laýyklykda edilen jenaýat maddalaşdyrylan Türkmenistanyň JK-nyň degişli maddasynda (maddanyň böleginde) görkezilen aşak çäkden-de pes çäkdäki jezany ýa-da maddanyň jezalandyryş böleginde göz öňünde tutulmadyk has ýeňil görnüşini bellemäge, ýa-da hökmany hökmünde göz öňünde tutulýan goşmaça jeza çäresini ulanmazlyga, diňe etmişiň maksatlary we delilleri, günäkäriň orny, jenaýat edilen mahaly ýa-da jenaýat edilip gutarylandan soňra onuň özüni alyp barşy we etmişiň jemgyýetçilik howpunyň derejesini ep-esli peseldýän beýleki ýgdaýlar, şeýle hem toparlaýyn jenaýatçylyga gatnaşyjynyň topar bolup edilen jenaýatyň üstüni açmaga işjeň ýardam bermegi bilen baglanyşykly aýratyn ýagdaýlar ýüze çykarylan mahalynda

ýol berilýär. Käbir ýeňilleşdirýän ýagdaýlar, şeýle hem olaryň birnäçesiniň jemi aýratyn ýagdaýlar hökmünde ykrar edilip bilner. Kazyýet iş boýunça anyklanan haýsy ýagdaýlary aýratyn diýip ykrar edýändigini we olary günäkäriň şahsyýeti baradaky haýsy maglumatlar bilen baglylykda Türkmenistanyň JK-nyň 58-nji maddasyny ulanmak üçin esas edip alýandygyny hökümde görkezmäge borçludyr.

Birnäçe jenaýatlary etmekde günäkär adama kanunda göz öňünde tutulandan has ýeňil jeza ulanylanda, ilki başda edilen jenaýatlaryň biri ýa-da hersi üçin Türkmenistanyň JK-nyň 58-nji maddasy ulanylyp, soň Türkmenistanyň JK-nyň 62-nji maddasynyň düzgünleri boýunça gutarnykly jeza kesgitlenilýär.

Jenaýatlaryň residiwinde, howply residiwinde we aýratyn howply residiwinde Türkmenistanyň JK-nyň 58-nji maddasyny ulanmak bilen jeza bellenilende, Türkmenistanyň JK-nyň 61-nji maddasynyň 2-nji böleginiň düzgünleri ulanylmaýar.

Türkmenistanyň JK-nyň 58-nji maddasyny ulanmak bilen kazyýet tarapyndan kesgitlenen jezanyň möçberi, hiç bir ýagdaýda hem, şol jezanyň görnüşi üçin kanunda göz öňünde tutulýan aşak çäkden az bolmaly däldir.

8. Haçan-da adamyň günäli bilnen kanunynyň jezalandyryş bölegi azatlykdan mahrum etmek bilen bir hatarda jezanyň has ýeňil görnüşini göz öňünde tutýan bolsa, onda höküm çykarylanda azatlykdan mahrum etmek bilen bagly bolmadyk jezany, hususan-da düzediş işlerini, jerimäni we ş.m bellemek baradaky meseläniň ara alyp maslahatlaşylmaga degişlidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Şeýle ýagdaýlarda azatlykdan mahrum etmekligi, şonuň ýaly-da onuň gysga möhletini, eger-de kazyýet işiň anyk ýagdaýlaryndan we günäkäriň şahsyýeti hakyndaky maglumatlardan ugur alyp, başga görnüşli jezany ulanmagyň mümkin däldigi barada netijä gelende bellemek bolar.

Türkmenistanyň JK-nyň 70-nji, 72-nji maddalarynda göz öňünde tutulýan etmişleri eden adamlar barada kazyýetleriň olary jenaýat jogapkärçiliginden boşatmak baradaky meseläni ara alyp maslahatlaşmaklary gerek. Kazyýetiň adamy jenaýata jeza çäresini ulanmazdan düzetmegiň mümkindigi baradaky netijesi, işiň ýagdaýlarynyň hemme taraplaýyn, doly we tarapgöýsüzlikli barlanyp görülmegi we günäkäriň şahsyýeti baradaky maglumatlar bilen esaslandyrylan bolmalydyr.

9. Kämillik ýaşyna ýetmedik adamlara jeza çäresini bellemek baradaky meseläni ara alyp maslahatlaşanlarynda, jezanyň diňe Türkmenistanyň JK-nyň 83-nji maddasynda görkezilen görnüşlerini ulanyp boljakdygyna we olaryň möhletiniň we mukdarynyň Türkmenistanyň JK-nyň 84-87-nji maddalarynda görkezilen çäklerden köp bolmaly däldigine kazyýetler üns bermelidirler. Şeýle hem Türkmenistanyň JK-nyň 88-nji maddasynda görkezilen ýagdaýlary goşmaça göz öňünde tutmak bilen we her bir anyk ýagdaýda işiň ýagdaýlaryny we işi kazyýetde seredilýän kämillik ýaşyna ýetmedigiň şahsyýetini nazara almak bilen, Türkmenistanyň JK-nyň 89-njy maddasynda göz öňünde tutulan terbiýeçilik täsirli mejbury çäreleri ol barada ulanmak mümkinçiligini ara alyp maslahatlaşmak zerurdyr.

10. Kazyýetler jenaýat haýsy hem bolsa bir residiwde edilende, gutarylmadyk jenaýatda, şeýle hem jenaýatlaryň jemi we hökümleriň jemi boýunça jeza

bellenende, jezalaryň möhletiniň Türkmenistanyň JK-nyň 59, 61, 63-nji maddalarynda görkezilen çäklerini berk saklamaklary gerek.

Gutarylmadyk jenaýatda, haýsy hem bolsa bir residiw bolen halatynda-da jezanyň iň ýokary mukdary Türkmenistanyň JK-nyň 59-njy maddasynda görkezilen möhletden we mukdardan geçmeli däldir.

Türkmenistanyň JK-nyň 87-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, kämillik ýaşyna ýetmedik adamlara agyr jenaýaty edenligi üçin azatlykdan mahrum etmeklik jezanyň möhleti dokuz ýyldan, aýratyn agyr jenaýaty edenligi üçin bolsa, on iki ýyldan ýokary bolmaly däldir. Şoňa görä-de, Türkmenistanyň JK-nyň 59-njy maddasynyň talaplaryndan ugur alnanda, kämillik ýaşyna ýetmediklere agyr jenaýaty etmegiň kastyna düşendikleri üçin 6 ýyl 9 aýdan köp azatlykdan mahrum etmek, aýratyn agyr jenaýaty etmegiň kastyna düşendikleri üçin 9 ýyldan köp azatlykdan mahrum etmek, ol jenaýatlara taýýarlyk üçin bolsa, degişlilikde 4 ýyl 6 aýdan we 6 ýyldan köp azatlykdan mahrum etmeklik jezanyň bellenilip bilinmeýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Türkmenistanyň JK-nyň 52-nji maddasyna laýyklykda, azatlykdan mahrum etmekligi ýigrimi bäş ýyla çenli diňe aýratyn agyr jenaýatlar üçin bellemek mümkindir. Oňa görä-de gutarylmadyk aýratyn agyr jenaýat üçin jenaýatlaryň jemi boýunça jezalar bölekleýin ýa-da dolulygyna goşulanda, gutarnykly jeza Türkmenistanyň JK-nyň 59-njy maddasynyň talaplaryna laýyklykda bellenilýär.

11. Esasy we goşmaça jeza çäresiniň dogry utgaşdyrylmagy, ony aýrybaşgalaşdyrmak ýörelgeleriniň yzygiderli amala aşyrylmagyna, jezanyň maksadyna has tiz ýetilmegine ýardam edýär, oňa görä-de kazyýetler her iş boýunça höküm çykaranlarynda goşmaça jezalary ulanmak meselesini, aýratyn hem agyr we aýratyn agyr jenaýatlary etmekde günäli bilnenlere ulanmak meselesini, ara alyp maslahatlaşmaklary gerek.

Jenaýat kodeksiniň sanksiýasy goşmaça jeza çäresini ulanmak ýa-da ulanmazlyk mümkinçiligini göz öňünde tutýan bolsa kazyýetler onuň ulanylýandygyny ara alyp maslahatlaşmaga we hökümiň delillendiriş bölegine gelnen çözgüdiň delillerini görkezmäge borçludyr. Şeýle ýagdaýlarda goşmaça jeza çäresiniň ulanylmaýanlygy, bu barada hökümiň karara gelinýän bölegine görkezilmegini talap etmeýär.

Jenaýat kodeksiniň goşmaça jeza çäresi hökman diýip görkezilen maddasy boýunça günäkäre iş kesilende, kazyýet diňe Türkmenistanyň JK-nyň 58-nji maddasynda görkezilen şertler bar ýagdaýda, gelnen çözgüdiň delillerini hökmany suratda hökümde görkezip we hökümiň karara gelinýän bölegine Türkmenistanyň JK-nyň 58-nji maddasyna salgylanyp, ol goşmaça jeza çäresini ulanman biler.

12. Hususan-da jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän we agyrlaşdyrýan ýagdaýlaryň, eger Jenaýat kodeksiniň jezalandyryş bölegi azatlykdan mahrum etmek bilen bagly bolmadyk başga jezalary hem göz öňünde tutýan bolsa, onda azatlykdan mahrum etmek jezasynyň belenilýändiginiň delillerиniň, jezanyň çekilmeginiň yza süýşürilýändigi, şertli iş kesilmegiň ulanylýandygy, kanunda göz öňünde tutulandan has ýeňil jeza bellenilýändigi bilen baglanyşykly meseleleriň çözgüdiniň, zerur ýagdaýlarda bolsa, kazyýetiň ol ýa-da beýleki jezanyň görnüşini ýa-da mukdaryny saýlap almagynyň delillerиniň hökümde görkezilmäge degişlidigi barada

Türkmenistanyň JIÝK-nyň 423-nji maddasynyň talaplaryny berk ýerine ýetirmäge kazyýetler borçludyrlar.

13. Işlere nägilelik we gözegçilik tertibinde seredilende höküm çykarylanda jeza bellemegiň umumy esaslarynyň berjaý edilişini, seçilip alnan jezanyň jenaýatyň agyrlygyna we iş kesileniň şahsyýetine laýyk gelşini, hökümde jeza çäresi baradaky gelnen netijäni we şunda göz öňünde tutulan, işiň anyk ýagdaýlaryny beýan etmegiň tertibini düzgünleşdirýän iş ýörediş kanunyň kadalarynyň berjaý edilişini kazyýetler ykjam barlamalydyrlar.

14. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri jeza bellemegiň ýörelgelerini yzygider öwrenmelidirler we umumylaşdyrmalydyrlar, kanuny ulanmakda goýberilen ýalňyşlyklary derňäp kararlary, kesgitnamalary, şeýle hem kazyýet iş tejribesiniň gözden geçirmelerini hemişe kazyýetlere ýetirip durmalydyrlar.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy Ö.Ataýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy R.Ergeşow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 3

2003-nji ýylyň sentýabr aýynyň 1-i Aşgabat şäheri

Ýol hereketleriniň we ulag serişdelerini ulanmagyň düzgünleriniň bozulmagy baradaky işler boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda

(20.05.2010 ý. № 4; 28.07.2012 ý. № 1; 19.04.2014 ý. № 3; 25.07.2015 ý. № 2; 16.07.2016 ý. № 4; 27.12.2016 ý. № 11; 08.12.2018 ý. № 7; 18.12.2021 ý. № 12; 18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3; 19.07.2025 ý. № 4; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen)

Ýol hereketleriniň we ulag serişdelerini ulanmagyň düzgünleriniň bozulandygy üçin jogapkärçiligi göz öňünde tutýan kanunçylygyň dogry ulanylmagyny üpjün etmek maksady bilen we şeýle görnüşli işlerde düşündiriş berilmegi zerur bolan meseleleriň ýüze çykandygy sebäpli, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy

KARAR EDÝÄR:

1. Hereketiň howpsuzlygynyň we ulag serişdeleriniň ulanyş kadalarynyň jenaýatçylykly bozulmagy baradaky işlere seredilende, kanunçylygyň talaplarynyň gyşarnyksyz berjaý edilmelidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

2. Kazyýetler ýol hereketleriniň howpsuzlyk kadalarynyň bozulmagy baradaky işlere seredenlerinde, jenaýat jogapkärçiliginiň ýol hereketleriniň kadalarynyň ýa-da ulag serişdelerini ulanmagyň düzgünleriniň bozulmagynyň emele gelen hadysa sebäp bolan ýagdaýynda ýüze çykýandygyna üns bermelidirler. Şoňa görä-de şeýle görnüşdäki işlere seredenlerinde, kazyýetler ýol-ulag hadysasynyň boluş ýagdaýlaryny doly derejede barlap, hadysanyň ýüze çykmagyna ýol herketleriniň ýa-da ulag serişdelerini ulanmaklygyň haýsy kadalarynyň bozulandygyny, onuň ýüze çykan ýol-ulag hadysasyna sebäp bolandygyny, ýol-ulag hadysasynyň ýüze çykmagyna başga sebäp bolan adamlaryň bolandygyny ýa-da bolmandygyny çuňňur derňäp, doly anyklamaga borçludyrlar. Şunda kazyýetleriň hökümleriniň beýan ediş böleginde diňe ýol hereketleriniň ýa-da ulag serişdelerini ulanmagyň bozulan düzgünleriniň bendine salgylanylman, şol bozulan düzgünleriň nämeden ybaratdygy hem görkezilmelidir.

3. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 364-nji maddasynda awtomobili, motosikli ýa-da beýleki mehaniki ulag (transport) serişdelerini dolandyrýan adam tarapyndan ýol hereketleriniň ýa-da ulag serişdelerini ulanmagyň düzgünleriniň bozulmagy netijesinde ýol-ulag hadysasy döräp, onuň uly möçberde maddy zyýan ýetmegine getiren halatynda jenaýat jogapkärçiligi göz öňünde tutulan.

“Beýleki mehaniki ulag (transport) serişdeleri” diýlip Döwlet ýol gözegçilik gullugynda bellige alynmaga degişli, hereketlendiriji bilen herekete getirilýän, hereketlendirijisiniň iş göwrümi 50 sm^3 uly bolan ulaglara düşünilýär.

Tramwaýlar, trolleýbuslar, traktorlar, awtokranlar, ýük ýükleýjiler (awtopogruzçikler), awtogreýderler, asfalt düşeýjiler, kombaýnlar we ş.m. hem “beýleki mehaniki ulag (transport) serişdeleriniň” hataryna girýär.

4. Ýol hereketleriniň kadalary “Türkmenistanyň Ýol hereketleriniň kadalarynda” beýan edilenlerden başga-da, onuň üstüni aýratyn talaplar bilen doldurýan, belli görnüşdäki ulaglar we olaryň ulanylşynyň aýratynlyklary boýunça kabul edilýän goşmaça düzgünnamalaryň we gollanmalaryň esasy çeşmesiniň hem ýol hereketiniň kadalary bolmalydygyny kazyýetler ünsden düşürmeli däldirler.

5. Ulag serişdelerini ulanmaklyk diýlip, ulag serişdesiniň niýetlenişine laýyk, tehniki ýagdaýyny kadaly saklamak bilen ulanylmagyna düşünilýär. Ol kadalar ulag serişdeleri dolandyrylan ýagdaýynda hem berjaý edilmelidir. Eger-de ulag serişdesini dolandyrýan adam, ulag serişdesiniň hereketiň howpsuzlygyny berjaý etmeklige päsgel berýän näsazlygyny duýup, ulag serişdesini dolandyrmaklygyny dowam etdirse we munuň özi ýol-ulag hadysasynyň döremegine getirse, ol ulag serişdelerini ulanmagyň we ýol hereketiniň düzgünleriniň bozulmagy boýunça jenaýat jogapkärçiligine çekilmäge degişlidir. Çünki “Ýol hereketiniň kadalarynyň” 2.3.1-nji bendinde sürüji ulagyň tehniki ýagdaýynyň sazlygyny, guratlygyny barlamaga we ony ýolda üpjün etmäge we hereketiň howpsuzlygyny üpjün etmeklige päsgel berýän näsazlyk ýüze çykanda ulagyň hereket etmegini togtadyp hereketiň howpsuzlygyna päsgel berýän näsazlygy aýyrmaklyga borçlandyrylan. Şonuň bilen birlikde ulag serişdeleriniň bejerilýän wagtynda, olara ýangyç guýulýan wagtynda, ulagyň tehniki taýdan niýetlenen işinde işledilýän wagtynda howpsuzlyk kadalarynyň bozulmagy netijesinde heläkçiligiň bolmagy Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 364-nji maddasynyň alamatlaryny döretmeýär. Çünki bu ýagdaýlarda howp ýol hereketiniň howpsuzlygyna däl-de, iş kadalarynyň howpsuzlygyna gönükdirilen.

6. Ulag serişdeleriniň hereketi ulag serişdesiniň ýerinden gozganan pursatyndan başlanýar we onuň hereketiniň doly togtan ýagdaýynda hem tamamlanýar. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 364-nji maddasy boýunça jogapkärçiligiň ýüze çykmagy kadalaryň bozulan ýerine bagly däldir. Agzalan madda boýunça jogapkärçilik gatnaw ýollarynda, köçelerde, demir ýol geçelgelerinde, howlularda, meýdanlarda, ýolsyz ýerlerde, kärhananyň howlularynda we ş.m. ýerlerde hereket edilende kadalaryň bozulmagy netijesinde ýol-ulag hadysasy dörände hem ýüze çykýar. Hadysanyň bolan ýeri jenaýatyň maddalaşdyrylyşyna täsirini ýetirmeýän bolsa-da, hadysanyň boluşynyň beýleki ýagdaýlary bilen bilelikde howpsuzlyk kadalarynyň bozulyş ýagdaýyny, günäkäriň eden etmişine garaýşyny kesgitlemäge, jeza çäresini seçip almaklyga täsirini ýetirip biler.

Ulag serişdelerine ýüklenen ýükleriň adamyň ýa-da emlägiň üstüne gaçmagy, tramwaýyň ýöreýän ýolundan sypmagy, ulag serişdesiniň köprüden gaçmagy we ş.m. netijesinde dörän hadysalar hem ýol-ulag hadysasy hökmünde kabul edilmelidir.

6^1. Türkmenistanyň JK-nyň 364-nji maddasynyň kadalarynyň, 2021-nji ýylyň 13-nji noýabrynda kabul edilen Türkmenistanyň Kanuny bilen 2021-nji ýylyň 23-nji noýabryndan herekete girizilendigini nazara alyp, kazyýetler işe seredenlerinde ýol-ulag hadysasynyň bolan wagtyny anyklanlarynda, onda göz öňünde tutulan kadalaryň şu Kanun herekete girizilen gününden başlap bolup geçen ýol-ulag hadysalary netijesinde ýüze çykan jenaýatçylykly hereketler (hereketsizlikler) barada ulanylýandygyna üns bermelidirler.

Şu maddada göz öňünde tutulan, serhoş ýagdaýda bolan adam diýlip Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda serhoşlygy anyklanan ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen esaslarda we tertipde ygtyýarly şahslaryň kanuny talaby boýunça serhoşlyk ýagdaýy babatda lukmançylyk barlagyndan geçmekden ýüz dönderen adamyň hasaplanýandygyny kazyýetlere düşündirmeli.

Şunda, Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 124-nji maddasynda göz öňünde tutulan, Kanuny ýol bilen alnan hakykat ýüzündäki islendik maglumatyň günäkäriň serhoş ýagdaýda bolandygyny tassyklaýan subutnama hökmünde, olara degişli baha bermek bilen, gelnen netijä esas edilip kabul edilip bilinýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

Günäkäriň hereketleriniň Türkmenistanyň JK-nyň 364-nji maddasynyň degişlilikde ikinji, dördünji, altynjy ýa-da sekizinji böleklerіniň “b” bendi (wakanyň bolan ýeriniň taşlanylyp gidilendigi bilen bagly bolsa) boýunça maddalaşdyrylmagy üçin, onuň ulag serişdesini dolandyryp, ýol hereketiniň ýa-da ulag serişdelerini ulanmagyň düzgünleriniň bozmagy netijesinde Türkmenistanyň JK-nyň 364-nji maddasynda göz öňünde tutulan zeleliň ýeten bolmagynyň hökmanydygyna kazyýetler üns bermelidirler.

Türkmenistanyň JK-nyň 364-nji maddasynyň ikinji, dördünji, altynjy ýa-da sekizinji böleklerinde göz öňünde tutulan hereketi amala aşyran adam, eger jebir çekene kömek etmek üçin wakanyň bolan ýerini taşlap giden bolsa, ol wakanyň bolan ýeriniň taşlanylyp gidilmegi bilen baglanyşykly jenaýat jogapkärçiligine çekilip bilinmez.

6^2. Haçanda ýol hereketleriniň we ulag serişdelerini ulanmagyň düzgünleriniň bozulmagy bilen bagly jenaýat ýokarda agzalyp geçilen Türkmenistanyň Kanuny herekete girmezinden öň edilen bolup, günäkäriň hereketlerini Türkmenistanyň JK-nyň 364-nji maddasy boýunça maddalaşdyrmak meselesi, ol Kanun herekete girizilenden soň ýüze çykýan bolsa, onda derňew edaralary we kazyýetler bu meseläni Türkmenistanyň JK-nyň 6-njy (jenaýat kanunynyň güýjüniň yzyna hereket etmegi) maddasynyň talaplaryndan ugur alyp çözmelidirler.

7. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 364-nji maddanyň 1-nji we 2-nji böleklerinde görkezilen uly möçberdäki zyýan diýlip, ýetirilen zyýanyň bellenilen binýatlyk mukdarynyň ýetmiş bäşisinden artyk bolmagyna düşünilýär. Binýatlyk mukdary Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilýär. Zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberi Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde kesgitlenýär. Iş boýunça kazyýet maslahat jaýyna gidýänçä ýetirilen zyýanyň öwezini doly möçberde meýletin dolan adam Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň

364-nji maddasynyň birinji we ikinji böleklerinde göz öňünde tutulan jenaýat jogapkärçiliginden boşadylýar.

8. Ýetirilen maddy zyýan diýip ýol hadysasy netijesinde emläge ýeten zyýana düşünilýär. Şoňa görä-de Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 364-nji maddasynyň 1-nji we 2-nji bölekleri boýunça ýetirilen maddy zyýanyň möçberi emläge ýeten ähli zyýanlaryň möçberi boýunça kesgitlenilmelidir (ulag serişdesini dikeltmeklik, ýükleriň, ýolagçylaryň egin-eşikleriniň zaýalanmagy we ş.m.).

Ýol-ulag hadysasy netijesinde alynmadyk girdeýjiler we saglygy bejertmek üçin çykarylan çykdajylar hadysa netijesinde gönüden-göni ýetirilen zyýanlaryň hataryna girmeýär we olar jenaýatçylykly hereketler maddalaşdyrylanda hasaba alynmaga degişli däldirler.

9. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 364-nji maddasy boýunça jenaýat jogapkärçiligine çekmek üçin zeleliň ýüze çykmagyna ýol hereketleriniň ýa-da ulag serişdelerini ulanmaklygyň kadalarynyň bozulmagynyň sebäp bolanlygy doly aýdyňlaşdyrylmalydyr. Ýol-ulag hadysasy bolsa-da, ulag serişdesini dolandyryjy tarapyndan ýol hereketleriniň ýa-da ulag serişdelerini ulanmaklygyň düzgünleri bozulmadyk bolsa jenaýat jogapkärçiligi ýüze çykmaýar. Mysal; pyýada özüni heläklemek üçin aňlylykda özi ulag serişdesiniň öňüne topulýar ýa-da özüniň seresapsyzlygy sebäpli ulagyň yzky tigriniň aşagyna düşýär.

10. Ýol-ulag hadysalarynyň bolmagy baradaky jenaýatlarda birnäçe sebäpleriň we ýagdaýlaryň bilelikdäki çylşyrymly gatnaşygyndan hem heläkçilikli zeleliň ýüze çykmagy mümkin. Ýagny ýol hereketine gatnaşyjylaryň beýlekileriniň (jebir çekeniň, ýolagçylaryň) bikanun hereketleri (hereketsizligi), ýol we howa aýratynlyklary, ulag serişdesiniň tehniki ýagdaýy we ş.m.

Şeýle ýagdaýlarda sürüjiniň hadysanyň öňüni almaga mümkinçiliginiň bolandygy ýa-da bolmandygy göz öňünde tutulmalydyr. Eger-de ýol-ulag hadysasy sürüjiniň günäsi bilen döremedik bolsa we hadysanyň bolmagynyň öňüni almaga sürüjiniň mümkinçiligi bolmadyk bolsa, sürüjiniň jogapkärçiligi ýüze çykmaýar. Eger-de ýol hadysasynyň ýüze çykmak ýagdaýy sürüjiniň özi tarapyndan döredilen bolsa, onuň hadysanyň döremeginiň öňüni almaga mümkinçiliginiň bolandygy ýa-da bolmandygy baradaky soragyň çözgüdiniň sürüjiniň jogapkärçiligi barada ähmiýeti ýokdur.

Ýol hereketine gatnaşyjylaryň biri hereketiň howpsuzlyk kadalaryny doly berjaý edýän bolsa, beýleki herekete gatnaşyjylaryň hem howpsuzlyk kadalaryny berjaý etmeklerine garaşýar, ýagny artykmaç hukugy eýeleýän ýol hereketine gatnaşyjy hem kabul edilen kadalary berjaý etmeklige borçludyr. Şeýle ýagdaýlarda ýol hadysasynyň döremeginiň sebäbini anyklamak has-da wajyp bolup durýar. Çünki esasy ýoldan gelýänligi sebäpli artykmaç hukukdan peýdalanýan sürüjiniň çatryga golaýlanda ýol hereketiniň kadalarynda görkezilen tizligi saýlap alan bolsa hadysanyň bolmajakdygy anyklanylsa, artykmaç hukukdan peýdalanýan sürüjiniň kadada görkezilen tizlikden ýokary tizligi saýlap almagy hadysanyň döremegine sebäp bolup biler. Şeýle ýagdaýda ýol-ulag hadysasynyň bolmagyna günäkär sürüjileriň ikisi hem Türkmenistanyň Jenaýat kanunynyň 364-nji maddasy boýunça jogapkärçilige çekilmäge degişlidir. Şunda ýetirilen maddy zyýan olaryň her birinden, günäsiniň möçberine görä öndürilip alynýar.

11. Ýol-ulag hadysasynyň bolmagy bilen Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 364-nji maddasynda görkezilen zelelli ýagdaýlaryň ýüze çykmagyna ulag serişdesini sürüji däl-de başga adamlar (pyýadalar, ýolagçylar we ş.m.) günäkär bolsalar ýa-da hadysanyň bolup zeleliň ýüze çykmagyna ulag serişdesini dolandyryjy bilen birlikde başga adamlaryň hem günäsi bolan ýagdaýynda, ulag serişdesini dolandyryjy Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 364-nji maddasynyň degişli bölekleri, beýleki adamlar bolsa 368-nji maddasynyň degişli bölekleri bilen jenaýat jogapkärçiligine çekilmäge degişlidir.

12. Ýol-ulag hadysasynyň döremegi netijesinde seresapsyzlyk zerarly adamynyň saglygyna agyr zyýan ýeten bolsa Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 364-nji maddasynyň 3-nji böleginde görkezilen, haçanda ol jenaýat jogapkärçiligi agyrlaşdyrýan ýagdaýlarda edilende bolsa, şol maddanyň 4-nji böleginde görkezilen jenaýat jogapkärçiligi ýüze çykýar. Saglyga ýeten zeperiň agyrlyk derejesi saglyk bilermenler seljermesiniň netijesi bilen takyklanylýar. Bilermenler seljermesiniň netijesi esasly şübhe döreden ýagdaýynda deslapky derňew edaralary ýa-da kazyýet gaýtadan bilermenlik seljermesini bellemeklige hukuklydyr.

13. Ulag-tehniki bilermenler seljermesi diňe ýörite tehniki meseleleri çözýär. Şoňa görä hem derňewde we kazyýet mejlisinde bilermenleriň öňünde hukuk döredijiýa-da borçdan boşadyjy soraglar goýulmaly däldir. Ulag-tehniki bilermenler seljermesiniň netijesi kazyýetler tarapyndan çuňňur barlanylyp, olaryň tehniki hasabatlaryndaky maglumatlarynyň bilermenler seljermesini bellemek baradaky kararda görkezilen maglumatlara laýyk gelýändigi anyklanylyp baha berilmäge degişlidir. Şunda ulag-tehniki bilermenler seljermesiniň netijesiniň beýleki subutnamalara garanda artykmaçlyga eýe däldigine, olaryň beýleki subutnamalar bilen deň derejede barlanylyp baha berilmäge degişlidigine kazyýetler düşünmelidirler.

Ulag-tehniki bilermenler seljermesi bellenilende iş boýunça toplanan maglumatlar ýeterlik bolmasa ýa-da bolan maglumatlar hadysanyň bolmagyna gatnaşan adamlar tarapyndan jedel edilende derňew ýa-da kazyýet synaglary geçirilip maglumatlaryň üsti ýetirilmelidir. Hadysanyň bolmagyna gatnaşyjylaryň synag dowamynda beren maglumatlary çapraz gelende olaryň her biriniň beren maglumatlary boýunça aýratyn soraglar goýlup haýsysynyň esas hökmünde kabul edilmelidigi beýleki subutnamalar toplumy bilen bilelikde barlanyp çözülmäge degişlidir.

14. Ýol hereketleriniň we ulag serişdelerini ulanmagyň düzgünleriniň bozulmagy bilen dörän ýol-ulag hadysasy netijesinde Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 364-nji maddasynyň iki böleginde görkezilen ýagdaýlar emele gelende (uly möçberde maddy zyýan we adamynyň saglygyna agyr zyýanyň ýetmegi) olar bir bitewi jenaýaty döredýän bolsalar, günäkäriň hereketleri maddalaşdyrylanda iki bölegiň hem maddalaşdyryş alamatlary görkezilip, agyr netijeleri göz öňünde tutýan bölek bilen maddalaşdyrylmaga degişlidir.

15. Ýol-ulag hadysasy netijesinde birnäçe adam heläk bolanda (Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 364-nji maddasynyň degişlilikde 7-nji we 8-nji bölekleri) olaryň bir hadysanyň dowamynda heläk bolandyklaryny takyklamak zerurdyr. Biri-birinden üzňelikde bolan iki ýa-da birnäçe hadysanyň her birinde bir,

jemi birnäçe adamynyň heläk bolmagy Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 364-nji maddasynyň degişlilikde 7-nji we 8-nji böleklériniň alamatlaryny döretmeýär. Olar biri-birinden üzňelikde bolan bir meňzeş jenaýat hökmünde diňe bir gezek Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 364-nji maddasynyň degişlilikde 5-nji we 6-njy bölekleri boýunça maddalaşdyrylmaga degişlidir.

16. Ýol hereketleriniň we ulag serişdelerini ulanmagyň düzgünleriniň bozulmagy bilen baglylykdaky jenaýat seresapsyzlykdan edilen jenaýatlaryň hataryna girýär. Şoňa görä hem günäkäriň niýetiniň nämä gönükdirilendigini anyklamak zerurdyr. Eger-de günäkäriň niýeti ulag serişdesini ulanmak bilen adamyny öldürmeklige, onuň saglygyna zyýan ýetirmeklige ýa-da uly maddy zyýan ýetirmeklige gönükdirilen bolsa onuň hereketi adamynyň janynyň we saglygynyň ýa-da emläginiň garşysyna bilkastlaýyn edilen jenaýat hökmünde maddalaşdyrylmaga degişlidir.

Ýol-ulag hadysasy bolandan soňra günäkär tarapyndan adamynyň jany we saglygynyň ýa-da emläginiň garşysyna aýratyn jenaýat edilende onuň hereketi jenaýatlaryň jemi boýunça maddalaşdyrylmaga degişlidir.

Ulag serişdesiniň alnyp gaçylmagy, ogurlanmagy bilen ýol-ulag hadysasynyň döremeginde günäkäriň hereketi Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň-364-nji maddasy we eýeçilige garşy edilen jenaýatyň jemi boýunça maddalaşdyrylmalydyr.

Eger günäkär Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 364-nji maddasynyň 2-nji, 4-nji, 6-njy we 8-nji böleklériniň “b” bendinde görkezilen jenaýatlary etmekde günäli bilnen halatynda, etmişiň bilkastlaýyn amala aşyrylýanlygy bilen bagly azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki jeza çäresi düzediş edarasynda belenilmäge degişlidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

17. Günäkäriň hereketleriniň Türkmenistanyň JK-nyň 364-njy maddasynyň 2-nji, 4-nji, 6-njy we 8-nji böleklériniň “b” bendi bilen “wakanyň bolan ýeriniň taşlanyp gidilmegi bilen baglanyşykly bolsa” diýen alamaty boýunça maddalaşdyrylmagy üçin, onuň Türkmenistanyň Ýol hereketiniň Kadalarynda göz öňünde tutulan, sürüjiniň ýol-ulag hadysasy bolan mahaly hökmany ýerine ýetirmeli, öz üstüne ýüklenen borçlaryny (ulagy haýal etmän duruzmaga, jebir çekenlere lukmandan ozalky ilkinji kömegi bermäge, bolan waka barada DÝGG-a habar bermäge hem-de onuň işgärleriniň gelerine garaşmaga we ş.m.) ýerine ýetirmän wakanyň bolan ýerini taşlap giden bolmagynyň anyklanmagy ýeterlikdir. Şunda ýol-ulag hadysasynyň bolan ýerinde başga adamlaryň bolmagynyň ähmiýeti ýokdur.

Türkmenistanyň JK-nyň 364-nji maddasynyň dördünji, altynjy we sekizinji böleklerinde göz öňünde tutulan jebir çekeniň howp astynda galdyrylyp, wakanyň bolan ýeriniň taşlanylyp gidilmegi bilen bagly etmişi eden adamyň hereketleriniň Türkmenistanyň JK-nyň 123-nji maddasy bilen goşmaça maddalaşdyrylmagynyň talap edilmeýändigini we günäkäriň bu hereketleriniň Türkmenistanyň JK-nyň 364-nji maddasynyň dördünji, altynjy we sekizinji böleklériniň “b” bentleriniň doly öz içine alýandygyny kazyýetlere düşündirmeli (Türkmenistanyň JK-nyň 123-nji maddasynyň Belligi).

18. Ýol-ulag hadysasynyň döremegine günäkär bolmadyk sürüji özüniň dolandyrýan ulag serişdesiniň gatnaşmagynda ýol hadysasy bolup jebir çekeniň jany

we saglygy üçin howply halynda kömeksiz taşlap giden ýagdaýynda Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 123-nji maddasy boýunça jogapkärçilige çekilmelidir.

Jebir çekeni jany ýa-da saglygy üçin howply ýagdaýda goýmak diýlip, haçanda ulag serişdesiniň sürüjisi öz hereketlerine (hereketsizligine) akyl ýetirip, jebir çekeniň özüniň ýaşlygy, garrylygy, keselliligi zerarly ýa-da özüniň biçäreligi sebäpli özüni gorap saklamak üçin çäre görmek mümkinçiliginden mahrum bolandygyna we özüniň oňa kömek bermek mümkinçiliginiň bardygyna garamazdan, ony göz-görtele janyna ýa-da saglygyna howp abanýan ýagdaýda goýup gaýtmagyna düşünilmelidir.

19. Ýol hereketleriniň we ulag serişdelerini ulanmaklygyň düzgünleriniň bozulmagy bilen baglylykdaky jenaýat işler boýunça 16 ýaşyna ýeten, akyly düzüw adamlar jenaýat jogapkärçiligine çekilip bilner. Şeýle adamlaryň jenaýat jogapkärçiligi üçin onuň ulag serişdesini sürmeklige hukugynyň, ulag serişdesini sürmeklige tejribesiniň bolandygynyň ýa-da bolmandygynyň ähmiýeti ýokdur.

20. Iki taraplaýyn dolandyrylýan okuw ulagynda ulag serişdelerini dolandyrmaklygy öwrenmek barada okuw geçilýän mahaly okuwçynyň Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 364-nji maddasynda görkezilen ýol-ulag hadysasyna getirmekdäki hereketi boýunça ulagy sürmegi öwrediji (instruktor) jogapkärçilik çekýär. Çünki Türkmenistanda ýol hereketleriniň kadalarynyň 1.2 bendinde ulagy sürmegi öwrediji hem sürüji bilen deňleşdirilen.

Şonuň bilen birlikde ulagy sürmegi öwrenýän okuwçy, ulag serişdesini dolandyrýan adam bolmak bilen, ýol hereketleriniň we ulag serişdelerini ulanmaklygyň ähli kadalaryny berjaý etmäge borçly. Şoňa görä-de ulag serişdesini sürmegi öwreniji-okuwçy ulag serişdesini sürmegi öwredijiniň görkezmelerine üns bermän ýol hereketleriniň we ulag serişdelerini ulanmaklygyň kadalaryny gödek bozup, öwredijiniň bolsa bu ýagdaýa garaşman ýa-da özündäki ulagy dolandyryjy enjamlar bilen hadysanyň bolmagynyň öňüni alyp bilmedik ýagdaýynda (ulag duýdansyz hereketini üýtgetse ýa-da birden saklansa) ulag serişdesini sürmegi öwreniji jogapkärçilik çekýär.

21. Ýol hereketiniň howpsuzlyk kadalarynyň bozulmagy baradaky işler boýunça günäkäre jeza çäresi seçilip alnanda kazyýetler jogapkärçiligi aýrybaşgalaşdyrmak ýörelgelerinden ugur alyp, jenaýatyň seresapsyzlykdan edilendigini, jenaýatyň getiren netijelerini, günäkäriň eden jenaýatyna bolan garaýşyny, jenaýat netijesinde ýüze çykan ýagdaýlary kadalaşdyrmak baradaky hereketlerini, şahsyýetini göz öňünde tutmalydyrlar.

Şol bir wagtyň özünde günäkäre belleniljek jeza çäresi barada mesele çözülende ýol-ulag hadysasyna getiren ýagdaýyň döremegine jebir çekeniň hem günälilik derejesi ünse alynmaga degişlidir.

Kazyýetler iş kesilen barada kesgitlenen jeza çäresini seçip alýandygy, günäkäre goşmaça jeza çäresiniň bellenilmegi ýa-da bellenilmezligi baradaky netijelerini hökümlerinde delillendirip görkezmelidirler.

Ulag serişdelerini sürmek hukugyndan kesmek baradaky goşmaça jeza çäresini bellemeklik üçin iş kesileniň ulag serişdelerini sürmeklige hukuk berýän

şahadatnamasynyň bardygynyň ýa-da ýokdugynyň ähmiýetiniň ýokdugyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Ýol hereketiniň howpsuzlyk kadalaryny bozup, ýol-ulag hadysasynyň döremeginde günäkärlenip iş kesilen ozal hem ulag serişdelerini sürmek hukugyndan kesilen bolsa, kazyýet özüniň hökümi bilen iş kesileniň ulag serişdelerini sürmek baradaky hukugyny kanunda görkezilen möhletden köp bolmadyk (Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 45-nji maddasy) möhlete uzaldyp biler.

22. Türkmenistanyň JK-nyň 364-nji maddasynyň üçünji, bäşinji ýa-da ýedinji böleklerinde göz öňünde tutulan hereketi amala aşyran adam, eger jebir çekene kömek etmek üçin mümkin bolan ähli çäreleri gören bolsa, jeza şu maddanyň degişli böleginiň sanksiýasynda göz öňünde tutulan aňrybaş möçberiniň ýarysyndan ýokary bolup bilmeýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

23. Kazyýetler ýol hereketiniň we ulag serişdelerini ulanmagyň düzgünleriniň bozulmagy bilen baglanyşykly jenaýat işlerine seredenlerinde, ýetirilen maddy zyýanyň öweziniň dolunmagy baradaky meselä aýratyn üns bermelidirler, şonda ýol-ulag hadysasyna sezewar bolan ulag serişdesiniň nähili ýagdaýda we kim tarapyndan ulanylandygy, ol eýesi tarapyndan ulanylmadyk bolsa, ony ulanan şahsyň nähili ygtyýarlyklarynyň bolandygy takyk anyklanmaga degişlidir we diňe şondan soň raýat kanunyna laýyklykda ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak baradaky netijä gelinmelidir. Bu mesele çözülende, Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 1076-njy maddasynyň talaplary doly we dogry berjaý edilmelidir. Şoňa laýyklykda ulag serişdeleriniň ulanylmagy bilen ýetirilen maddy zyýanyň öwezi onuň eýesi tarapyndan doldurylmaga degişlidir.

Haçan-da günäkär ulag serişdesini onuň eýesinden rugsat alman peýdalanan ýagdaýynda, ýetirilen maddy zyýanyň öwezini ol eýesine derek doldurmaga borçludyr. Eger-de ulag serişdesiniň ulanylmagyna onuň eýesiniň günäsi sebäp bolan bolsa (ulag serişdesiniň günäkär tarapyndan ulanmagyna onuň eýesiniň günäli hereketleri mümkinçilik döreden bolsa), onda ýetirilen maddy zyýanyň öwezi ulag serişdesiniň eýesi tarapyndan dolunmalydyr. Hadysanyň bolmagy ulag serişdesiniň eýelik etmeklige onuň eýesi tarapyndan berilmegi ýa-da eýelik edijiniň ony ulanmaga bermegi bilen bagly bolsa (ulag serişdesi kärendesine berlen, ynanç haty bilen ulanmaga berlen, kärendesine alanyň başga birine ulanmaga bermegi we ş.m.), ýetirilen maddy zyýanyň öwezi eýelik etmäge ynanylan adam tarapyndan doldurylmaga degişlidir.

24. Hereketiň howpsuzlyk kadalarynyň bozulmagy bilen baglylykdaky jenaýat işlerine seredenlerinde kazyýetler şu görnüşdäki jenaýatlaryň adamynyň janyna, saglygyna we emläge düýpli zyýan ýetirýändiginden ugur alyp her bir jenaýat işi boýunça hadysanyň bolmagyna getiren sebäpleri we ýagdaýlary anyklap, olary aradan aýyrmak barada hususy kesgitnamalary (kararlary) çykarmagyň zerurdygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

25. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri ýol hereketleriniň we ulag serişdelerini ulanmaklygyň düzgünleriniň bozulmagy bilen baglylykdaky jenaýat işleriniň seredilişine degişli derejede

gözegçiligi üpjün edip, çykarylan hökümleriň kanunylygyny we esaslydygyny çintgäp barlamak bilen, göýberilen kanun bozmalary we ýalňyşlyklary öz wagtynda ýüze çykaryp aradan aýyrmalydyrlar. Şu görnüşdäki jenaýat işleri boýunça iş tejribesini yzygiderli öwrenip umumylaşdyrmalydyrlar.

26. Şu kararyň kabul edilmegi bilen Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumynyň 1990-njy ýylyň awgust aýynyň 17-sindäki №7 sanly kararyny güýjüni ýitiren diýip bilmeli.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy Ý.Esenow

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy R.Ergeşow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

KARARY № 1

2006-njy ýylyň awgust aýynyň 12-si Aşgabat şäheri

Aýal-gyzlary zorlamak baradaky işler boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda

(28.07.2012 ý. № 1; 25.07.2015 ý. № 2; 08.12.2018 ý. № 7; 18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3; 19.07.2025 ý. № 4; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Türkmenistanyň kazyýetleri aýal-gyzlary zorlamak baradaky işleri, esasan, dogry çözýärler we kanunyň talaplaryndan ugur alyp, günäkärlere jeza çärelerini belleýärler.

Şonuň bilen birlikde, kazyýetleriň işlerinde işi kazyýete berlenleriň hereketleriniň käbir ýagdaýlarda nädogry maddalaşdyrylmagyna getiren ýalňyşlyklaryň we kemçilikleriň bardygyny Plenum belläp geçýär. Bu ýalňyşlyklar we kemçilikler, esasan, işiň ýagdaýlarynyň doly derňelmeýändigi, günäkärlenýäniň hereketlerine, onuň pikir-maksadynyň manysyna we niýetiniň gönükdirilen ugruna nädogry baha berilýändigi bilen baglanşykly bolup durýar. Bulardan başga-da, aýal-gyzlary zorlandygy üçin jogapkärçiligi görkezýän kanuna dürli-dürli düşünmeler bar.

Bellenilen kemçilikleri düzetmek hem-de aýal-gyzlaryň zorlanandygy üçin jogapkärçiligi göz öňünde tutýan kanunçylygyň dogry we birmeňzeş ulanylmagyny üpjün etmek maksady bilen, şeýle hem şu görnüşli işler boýunça ýüze çykan soraglaryň bardygyny nazara alyp, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy

K A R A R E D Ý Ä R:

1. Aýal-gyzlar zorlananda günäkäriň niýetiniň jenaýatyň ahyrky maksadyny, ýagny aýal maşgala bilen onuň erkiniň we razylygynyň garşysyna zyna işini etmekligi, şeýle hem şu maksadyna ýetmek üçin fiziki zorlugy we gorkuzmaklygy ýa-da jebir çekeniň biçäreliginden peýdalanmaklygy öz içine alýandygyny kazyýetlere düşündirmeli.

Aýal-gyzlary zorlamak bilen bagly her bir iş boýunça jebir çeken barada fiziki zorlugyň ýa-da gorkuzmaklygyň ulanylandygyny, şeýle hem agzalan hereketleriň anyk nähili ýagdaýlarda amala aşyrylandygyny anyklamaklygyň zerurdygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Aýal-gyzlary aldamak ýa-da ynamyndan peýdalanmak arkaly olary zyna gatnaşygyna razy eden adamyň hereketleri, mysal üçin, durmuş gurmagy öňünden ýalandan wada berip, şonuň ýaly-da pul ýa-da başga gymmatlyklary, islendik

hereketleri we hereketsizlikleri wada berip, aldap, onuň bilen zyna gatnaşygynda bolunmagy zorlamak hökmünde garalyp bilinmeýär.

Zorlamaklyk, onuň netijesine garamazdan, zyna etmekliğiň başlanan pursatyndan gutarylan jenaýat hasap edilýär.

2. Aýal-gyzlar zorlanylanda fiziki zorlugy ulanmaklyk diýip olary urmaklyga, saglygyna islendik agyrlyk derejesindäki zyýanyň ýetirilmegine, bogmaklyga, dem alyş ýollaryny elleri ýa-da başga närseler bilen ýapmaklyga we ş.m. düşünilýär.

Fiziki zorluk, aýal-gyzlaryň garşylygyny basyp ýatyrmak üçin onuň saglygyna zyýan ýetirmezden fiziki güýç ulanylmagy görnüşinde hem ýüze çykyp biler.

Eger zorlamaklygyň ýa-da onuň kastyna düşmekliğiň dowamynda jebir çekeniň saglygyna bilkastlaýyn ýeňil ýa-da orta agyrlykda zyýan ýetirilende günäkäriň hereketlerini Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 132-nji maddasynyň 1-nji bölegi bilen, şonuň ýaly hem seresapsyzlykdan saglygyna agyr zyýan ýetirilende şol maddanyň 3-nji böleginiň “a” bendi bilen maddalaşdyrmaklyk ýeterlikdir. Şunda günäkäriň hereketlerini şahsyýete garşy edilen jenaýatlar baradaky beýleki maddalar bilen goşmaça madalaşdyrmaklyk talap edilmeýär, çünki bu ýagdaýda fiziki zorluk ulanmak we jebir çekeniň saglygyna ýeňil ýa-da orta agyrlykda zyýan ýetirmek bilen, şeýle hem seresapsyzlykdan saglygyna agyr zyýan ýetirmek bilen baglanşykly onuň ähli hereketlerini zorlamaklyk üçin jogapkärçiligi görkezýän kanunyň maddasy (dispozisiýasy) öz içine alýar.

Eger zorlamaklygyň ýa-da onuň kastyna düşmekliğiň dowamynda, şonuň ýaly-da jenaýatçylykly hereketler gutarandan soň jebir çekeniň saglygyna bilkastlaýyn agyr zyýan ýetirilse, şeýle hem saglygyna bilkastlaýyn ýetirilen agyr zyýan seresapsyzlyk boýunça jebir çekeniň ölmegine getirse, onda günäkäriň hereketleri Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 132-nji hem-de 107-nji maddalarynyň degişli bölekleriniň jemi boýunça aýratynlykda maddalaşdyrylmalydyr.

3. Aýal-gyzlary zorlamaklygyň ýa-da onuň kastyna düşmekliğiň dowamynda, şeýle hem agzalan jenaýatlar amala aşyrylandan soňra edilen jenaýaty gizlemek maksady bilen ýa-da şu jenaýatlar edilen mahaly görkezilen garşylyk üçin ar almak esasynda adam öldürilende, günäkäriň hereketleri Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 101-nji maddasynyň 2-nji böleginiň “e” bendi we 132-nji maddasynyň degişli bölekleri bilen maddalaşdyrylmalydyr.

4. Aýal-gyzlary zorlamak maksady bilen olaryň garşylygyny basyp ýatyrmagyň serişdesi hökmünde ulanylan gorkuzmaklyk diýip, günäkär tarapyndan jebir çekeniň özüniň ýa-da onuň ýakyn adamlarynyň garşysyna haýal etmän fiziki zorlugy ulanmak howpuny salýan sözler ýa-da hereketler bilen jebir çekeni gorkuzmaklyga düşünilýär.

Gorkuzmaklyk söz bilen hem, hereket bilen hem (mysal üçin pyçak, päki, palta we ş.m. görkezmek) ýüze çykarylyp bilner. Gorkuzmaklyk hyýaly bolman, hakykat ýüzünde amala aşyrylyp bilinmek we jebir çeken tarapyndan onuň özüniň ýa-da ýakyn adamlarynyň jany we saglygy üçin hakyky howp hökmünde baha berlip bilinmek mümkinçiligini döretmelidir.

Günäkäriň aýal-gyzlary masgaralaýjy we abraýdan gaçyryjy maglumatlary ýaýratjakdygy barada aýtmagyna gorkuzmak hökmünde baha berilmeýär.

5. Eger jebir çeken özüniň fiziki ýa-da ruhy ýagdaýlaryna görä (kiçi ýaşlylygy, fiziki kemçiligi, aňynyň ýetmezçiligi, başga ýarawsyzlyk ýa-da huşsyz ýagdaýy we ş.m.) özi bilen edilýän hereketleriň häsiýetine we manysyna düşünmedik bolsa ýa-da günäkere garşylyk görkezip bilmedik bolsa, onda şunuň ýaly ýagdaýlarda edilen zorlamaklyga jebir çekeniň biçäreliginden peýdalanyp edilen zorluk diýlip düşünilýär. Şunda günäkär jebir çekeniň biçäre ýagdaýdadygyna akyl ýetirmelidir.

Jebir çekeniň günäkäre garşylyk görkezmek ýa-da kömege çagyrmak mümkinçiliginden mährum bolmak derejede serhoş ýagdaýdaka zorlanylmagyna, kazyýetler onuň biçäreliginden peýdalanyp zorlanandygy hökmünde baha berip bilerler.

Jebir çekeniň biçäreliginden peýdalanylyp zorlanan diýip bilmek üçin ony şu ýagdaýa günäkäriň salandygynyň (mysal üçin, spirtli içgileri içirip serhoş etmegi, ukladyjy ýa-da neşe serişdeleri bermegi) ýa-da jebir çekeniň biçärelik halyna günäkäriň hereketi bilen bagly bolmadyk ýagdaýda düşmeginiň täsiri ýokdur.

Eger-de, zorlamak baradaky işiň maglumatlaryndan jebir çekeniň biçärelik ýagdaýyna derman ýa-da neşe serişdeleriniň, güýçli täsir ediji ýa-da awuly maddalaryň ulanylmagy netijesinde getirilendigi görünýän bolsa, onda olaryň düzümi we adamyň bedenine edýän täsiri degişli bilermen tarapyndan anyklanylyp bilner we onuň beren netijesi jebir çekeniň ýagdaýyna baha berlende beýleki subutnamalar bilen birlikde nazara alynmalydyr. Şu ýagdaýlarda saglyga ýetirilen zyýanyň agyrlyk derejesi hem anyklanylmaga degişlidir.

Eger jebir çeken ruhy keselden ejir çekýän bolsa, onda onuň keseliniň häsiýetini we derejesini, şeýle hem onuň zyna gatnaşygynyň manysyna düşünip bilmek ukybyny anyklamak üçin ruhy bilermenler seljermesiniň netijesi zerurdyr. Şonuň üçin ruhy keselden ejir çekýändigi görnetin bolan aýal maşgala bilen islendik zyna gatnaşygyny zorlamaklyk diýip hasap edip bolmaz. Aýal maşgalanyň akyl derejesiniň kemligi zerarly amala aşyrylýan hereketleriň ahlak taýdan manysyna akyl ýetirip bilmändigini ýa-da öz hereketlerine jogap berip bilmändigini, netijede onuň öz jynsy durmuşyny düşünjeli we islegi boýunça kesgitlemek mümkinçiliginden mahrum bolandygyny anyklamak hökmanydyr.

6. Günäkäriň hereketlerini zorlamaklygyň gaýtadan edilendigi üçin jogapkärçiligi göz öňünde tutýan Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 132-nji maddasynyň 2-nji böleginiň “a” bendi bilen maddalaşdyrmak üçin onuň öňki eden zorlamak hereketleri üçin iş kesilendiginiň ýa-da kesilmändiginiň, zorlamaklygyň gutarylan ýa-da gutarylmadyk jenaýatdygynyň, günäkäriň ýerine ýetiriji ýa-da jenaýatyň beýleki gatnaşyjysy bolandygynyň täsiri ýokdur.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 132-nji maddasynyň dürli böleklerinde jogapkärçilik görkezilen zorlamaklygyň iki ýa-da ondan köp edilen halatynda, şeýle hem bir gezekde zorlamaklyga kast edilende ýa-da jenaýata gatnaşyjy bolnanda, soňky gezekde bolsa gutarylan zorlamaklyk amala aşyrylanda, günäkäriň hereketleri şol görkezilen jenaýatlaryň her biri üçin özbaşdak maddalaşdyrylmalydyr.

Eger öňki zorlamak bilen bagly hereketleri üçin günäkäriň iş kesilenlik aýby kanunda bellenilen tertipde öz-özünden ýa-da kazyýet tarapyndan aýrylan bolsa, şonuň ýaly-da ol Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 73-nji maddasy esasynda wagt möhletiniň dolmagy sebäpli jenaýat jogapkärçiliginden boşadylan bolsa ýa-da aýyplaw hökümi ýerine ýetirmegiň şol kodeksiň 78-nji maddasynda görkezilen möhletleri geçen bolsa, zorlamaklyk gaýtadan edilen diýlip hasap edilmeýär.

7. Eger günäkär tarapyndan şol bir jebir çeken barasynda zorlukly zyna gatnaşygynda bolmak we jyns islegini azgynçylykly görnüşlerde kanagatlandyrmak bilen bagly jenaýatlar amala aşyrylan bolsa, onda günäkäriň hereketleri Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 132-nji hem-de 134-nji maddalarynyň degişli böleklerіniň jemi boýunça maddalaşdyrylmalydyr. Şunda, agzalan jenaýatçylykly hereketler edilende, olaryň arasyndan az wagtyň geçmegi jenaýatyň maddalaşdyrylmagyna täsir etmeýär.5

8. Haçan-da zorlamaklyga gatnaşan adamlar jebir çeken barasynda ylalaşykly hereket eden bolsalar, onda şeýle ýagdaýda edilen zorlamaklyk toparlaýyn edilen hökmünde maddalaşdyrylmalydyr. Ylalaşykly hereket, toparyň agzalarynyň bir ýa-da birnäçe jebir çekeni zorlamak üçin öz güýçlerini birikdirmeginde ýüze çykýar. Şunda diňe bir zorluk ulanyp zyna eden adamlaryň hereketleri däl, eýsem jebir çekene fiziki ýa-da psihiki güýç ulanmak arkaly oňa kömek beren adamlaryň hereketleri hem topar bolnyp edilen zorlamaklyk diýlip maddalaşdyrylmalydyr. Şeýle ýagdaýlarda zorlukly zyna gatnaşygyny etmedik, ýöne jebir çekeniň garşysyna zorluk ulanmak bilen günäkäre jebir çekeni zorlamaklyga kömek beren adamlaryň hereketleri toparlaýyn edilen zorlamaklygy bilelikde ýerine ýetirijiler hökmünde Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 32-nji maddasynyň 2-nji böleginiň talabyna laýyklykda maddalaşdyrylmalydyr. Şeýle ýagdaýlarda zenanlar ýa-da jyns işini etmeklige ukyby bolmadyk erkek adamlar hem jenaýaty bilelikde ýerine ýetirijiler hökmünde çykyş edip bilerler.

Eger jenaýata gatnaşyjy jebir çekeniň garşysyna fiziki ýa-da psihiki zorluk ulanman, başga hereketler bilen günäkäriň jebir çekeni zorlamagyna ýardam beren bolsa (mysal üçin, günäkär bilen şertleşilen ýere aldamak arkaly jebir çekeni getirmek, günäkäre awtoulag, jaý, jebir çekeni gorkuzmak üçin ýarag bermek, jenaýatyň edilmegine başga adamlaryň päsgelçilik bermezligi üçin gözegçilik etmek, jenaýatyň yzlaryny gizlemekligi öňünden wada bermek we ş.m), onda olaryň hereketleri toparlaýyn edilen zorlamaklyga ýaranlyk ediji hökmünde maddalaşdyrylýar.

Zorlamaklyk hereketleri Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 132-nji maddasynyň 2-nji böleginiň “b” bendi bilen maddalaşdyrylanda Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 31-nji maddasynda aýdylýan deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan edilen jenaýat diýen düşünjeden başga-da, iki ýa-da şondan-da köp adamlaryň deslapdan dilleşmezden zorlamaklygy edendikleri üçin hem jogapkärçiligiň görkezilendigine üns berilmegi hökmanydyr.

Haçan-da iki ýa-da şondan-da köp adamlar zorlamaklyk edilýän wagty ýüze çykan bir pikir-niýet bilen bile hereket edip, zorlamaklyga gönüden-göni gatnaşsalar ýa-da biriniň zorlamaklyk etmek üçin gönükdirilen hereketleriniň

dowamynda beýleki adamlar hem şol bir maksat bilen oňa goşulsalar, bu hereketler deslapdan dilleşmezden topar bolnyp edilen zorlamaklyk diýlip hasap edilýär.

Eger-de jenaýata gatnaşyjylaryň biri kämillik ýaşyna ýetmedik bolup, özi şu jenaýaty etmeklige guramaçy hökmünde gatnaşmadyk bolsa ýa-da onuň ýerine ýetirilmegine ýolbaşçylyk etmedik bolsa, topara gatnaşan kämillik ýaşyna ýeten günäkärleriň hereketleri jenaýatlaryň jemi boýunça Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 132-nji we 153-nji maddalarynyň degişli bölekleri bilen maddalaşdyrylmaga degişlidir.

9. Eger zorlamaklyga birnäçe adam gatnaşmak bilen adamlaryň diňe biri jenaýat jogapkärçligine çekilip, galanlary bolsa akyly düzüw däldigi, 14 ýaşyna ýetmändigi ýa-da kanunda görkezilen başga esaslar boýunça jenaýat jogapkärçiligine çekilmedik bolsalar, onda birinjiniň hereketleri toparlaýyn zorlamaklyga gatnaşan hökmünde Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 132-nji maddasynyň 2-nji böleginiň "b" bendi bilen maddalaşdyrylmalydyr, çünki onuň şu ýagdaýda toparyň düzüminde hereket edýändigine düşünendiginden ugur alynmalydyr.

Diňe birnäçe adam tarapyndan bir ýa-da birnäçe jebir çekeniň zorlanmagy däl, eýsem birnäçe aýal-gyzlar barasynda ylalaşykly hereket edip we fiziki zorlugy ýa-da gorkuzmaklygy ulanyp, soňra olaryň her biriniň jebir çekenleriň birisi bilen zyna etmegi hem topar bolup edilen zorlamaklyk diýlip hasap edilmelidir.

10. Günäkäriň aýal-gyzlary zorlamaklyga gönükdirilen niýetini amala aşyrmakda jebir çekeni horlamak bilen bagly hereketleri eden halatynda onuň jenaýatçylykly hereketleri Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 132-nji maddasynyň 2-nji böleginiň "ç" bendi bilen maddalaşdyrylmalydyr. Horlamaklyk jebir çekene köp sanly we uzak wagtlaýyn agyry ýetirýän islendik hereketler: saýgylamak, dişlemek, kesmek, ýiti-çümüji, kütek ýa-da gyzgyn närseler bilen agyr derejede bolmasa hem köp sanly şikesleri ýetirmek, dem alyş ýollaryny ýapmak, elektrik toguny ulanmak, uzak wagtlap iýmitden, suwdan mahrum etmek, sowuk jaýda gulplap saklamak we ş.m. ýagdaýlarda ýüze çykyp biler.

11. Günäkär özüniň weneriki keseli bilen kesellidigini bilmek bilen jebir çekene hem şol keseliň ýokuşmagynyň mümkindigini ýa-da gutulgysyzdygyny bilip, bu ýagdaýa bilkastlaýyn ýol beren ýa-da oňa perwaýsyz garan bolsa, onuň hereketleri Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 132-nji maddasynyň 2-nji böleginiň "e" bendi bilen maddalaşdyrylmalydyr, şunda onuň hereketlerini goşmaça Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 115-nji maddasy bilen maddalaşdyrmak talap edilmeýär. Günäkäriň hereketlerinde agzalan maddalaşdyryş alamatlarynyň bardygyny anyklamak üçin lukmançylyk bilermenler seljermesi bellenilýär.

12. Kämillik ýaşyna, ýagny 18 ýaşyna ýetmändigi ýa-da on dört ýaşyna ýetmändigi görnetin bolan jebir çekeniň zorlanandygy üçin jogapkärçiligi göz öňünde tutýan Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 132-nji maddasynyň degişlilikde 2-nji böleginiň "e" bendi we 3-nji böleginiň "b" bendi bilen günäkäriň hereketlerini maddalaşdyrmaga günäkäriň kämillik ýaşyna ýetmedik ýa-da on dört ýaşyny doldurmadyk jebir çeken bilen zorlukly zyna gatnaşygyny edýändigini bilen (hossary, tanşy, goňşusy bolup) ýa-da çak eden (jebir çekeniň daş keşbinden, özüni alyp barşyndan) ýagdaýynda ýol berilýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli. Eger

günäkär jebir çekeniň ýaşy barada ynsaply ýalňyşyp, ol kämillik ýaşyna ýetendir öýdüp pikir eden bolsa we şeýle pikir etmäge anyk esaslar bolan bolsa, bu ýagdaý günäkäriň hereketlerini Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 132-nji maddasynyň 2-nji böleginiň "e" bendi bilen maddalaşdyrmak mümkinçiligini aradan aýyrýar. Şunda diňe bir günäkäriň öz görkezmeleri göz öňünde tutulman, eýsem olaryň işiň beýleki ýagdaýlaryna gabat gelýändikleriniň hem hökmany barlanylmalydygyna üns berilmelidir.

13. Günäkär zorlamaklyk bilen bagly hereketleriniň dowamynda seresapsyzlyk boýunça jebir çekeniň ölmegine getirse ýa-da onuň saglygyna Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 107-nji maddasynda görkezilen agyr zyýanyň ýetirilmegine getirse ýa-da günäkär özünde SPID keseliniň bardygyny bilip, ol keseli zorlukly zyna gatnaşygynda jebir çekene ýokuşdyrsa, günäkäriň hereketleri diňe Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 132-nji maddasynyň 3-nji böleginiň "a" bendi bilen maddalaşdyrylmaga degişlidir.

Aýal-gyzlary zorlamak bilen baglylykda jebir çekeniň seresapsyzlyk boýunça ölmegine dürli ýagdaýlarda getirilip bilner. Bu ýagdaý jebir çekeniň garşylygyny basyp ýatyrmak maksady bilen ulanylan zorlugyň netijesinde hem (mysal üçin, boýnuny güýçli basmak), jebir çekeniň özüniň zorlanylmagyna namys edip güýçli tolgunmak (stress) ýagdaýda öz-özüni öldürmegi netijesinde hem, ýa bolmasa jebir çekeniň günäkärlerden gaçyp gutulmak maksady bilen eden hereketleriniň netijesinde hem (mysal üçin, köp gatly jaýyň ýokarky gatyndaky öýüň eýwanyndan (balkonyndan) beýleki öýe geçjek bolup ýykylmagy) ýüze çykyp biler. Şunda, agzalan ýagdaýlar bilen zorlamaklygyň ýa-da onuň kastyna düşmekligiň arasynda sebäpli baglanyşyk bolmalydyr.

Günäkär zorlamaklygyň dowamynda gytaklaýyn niýet bilen jebir çekeniň ölümine getirse (mysal üçin, huşundan giden jebir çekeni egin-eşiksiz sowuk howada galdyrsa), onuň hereketleri zorlamaklyk bilen bir hatarda zorlamak bilen baglanşyklylykda bilkastlaýyn adam öldürmekligi göz öňünde tutýan Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 101-nji maddasynyň 2-nji böleginiň "e" bendi bilen hem maddalaşdyrylmalydyr.

14. Günäkäriň hereketlerinde zorlamaklyk (TJK-nyň 132-nji maddasy) ýa-da on alty ýaşa ýetmedik adam bilen zyna etmek (TJK-nyň 141-nji maddasy) bilen bagly jenaýatyň alamatlarynyň bardygy baradaky meseläni çözenlerinde, kazyýetler her bir anyk ýagdaýlarda jebir çekeniň özüniň ýaşyna we ösüşine görä özi bilen edilen hereketleriň häsiýetine we manysyna düşünip bilendigini ýa-da bilmändigini hökman anyklamalydyrlar. Eger jebir çeken özüniň kiçi ýaşlydygy, aň ösüşiniň yza galakdygy we ş.m. sebäplere görä özi bilen edilen hereketleriň häsiýetine we manysyna düşünmedik bolsa, onda günäkäriň hereketleri jebir çekeniň biçäreliginden peýdalanyp edilen zorlamaklyk hökmünde garalmalydyr we Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 132-nji maddasynyň degişli bölekleri bilen maddalaşdyrylmalydyr. Eger-de, jebir çeken kiçi ýaşlydygyna garamazdan, özüniň fiziki we aň ösüşine görä jyns gatnaşygynyň häsiýetine hem-de manysyna düşünmek bilen öz islegi boýunça zyna gatnaşygynda bolan bolsa, onda şu halatda diňe onuň kiçi ýaşlydygyna salgylanmak bilen jebir çekeniň biçäreliginden peýdalanyp zorlanan diýip hasap edip bolmaz we şeýle ýagdaýda günäkäriň

hereketi on alty ýaşa ýetmedik adam bilen zyna eden hökmünde Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 141-nji maddasy bilen maddalaşdyrylmaga degişlidir.

15. Jebir çeken bilen ilki zorlukly zyna gatnaşygynda bolnup, soňra bolsa onuň razylygy bilen zyna gatnaşygynda bolunmagy hem günäkäriň Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 132-nji maddasy bilen jogapkärçilige çekilmegini aradan aýyrmaýar. Bu ýagdaýda, eger kämillik ýaşyna ýetmedik jebir çeken on alty ýaşyny doldurmadyk bolsa, günäkäriň hereketleri Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 132-nji we 141-nji maddalarynda görkezilen jenaýatlaryň jemi boýunça maddalaşdyrylmaga degişlidir.

16. Jyns gatnaşyklary bilen bagly jenaýatlary etmeklikde aýyplanýan kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işlerine seredenlerinde, kazyýetler Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 19-njy maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda 14 ýaşdan 16 ýaş aralygyndaky adamlaryň diňe zorlamaklyk üçin (Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 132-nji maddasy) jogapkärçilige çekilip bilinýändiklerini, kanunda görkezilen beýleki zyna jenaýatlary üçin bolsa jenaýat jogapkärçiligine çekilmeýändiklerini göz öňünde tutmalydyrlar.

17. Zorlamaklygyň kastyna düşmeklik diýlip jebir çekeniň erk-islegine garşy onuň bilen zyna gatnaşygynda bolmak maksady bilen fiziki zorlugyň ýa-da gorkuzmaklygyň ulanylmagyna (mysal üçin, zorluk bilen jebir çekeniň eşigini çykarmak, ony urmak we ş.m.) düşünilýär.

Fiziki zorlugy ýa-da gorkuzmaklygy ulanyp zorlamaklygyň kastyna düşmek bilen bagly jenaýatlar baradaky işlere seredilende, günäkäriň zyna etmek maksady bilen hereket edendigi we onuň güýç ulanmagynyň şol maksada ýetmek üçin serişde bolandygy anyklanylmalydyr. Diňe şu ýagdaýlar bolan halatynda günäkäriň hereketlerine zorlamaklyga kast etme hökmünde garalyp bilner.

Zorlamaklygyň kastyna düşmekligi jyns islegini azgynçylykly görnüşde kanagatlandyrmak (TJK-nyň 134-nji maddasy), adamy zyna ýakynlaşmasyna mejbur etmek (TJK-nyň 135-nji maddasy), on alty ýaşa ýetmedik adam bilen zyna etmek (TJK-nyň 141-nji maddasy) ýaly jenaýatlardan tapawutlandyrmak zerurdyr. Şeýle hem zorlamaklygyň kastyna düşmekligi aýal maşgalanyň mertebesini, namysyny we eldegirmesizligini kemsidýän beýleki jenaýatçylykly hereketlerden hem (azgynçylykly hereketler, huligançylyk, syna zyýan ýetirmek, masgaralamak we ş.m.) tapawutlandyrmak hökmanydyr.

18. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 69-njy maddasyna laýyklykda, zorlamaklykdan meýletin ýüz dönderilmegine jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän ýagdaý hökmünde garalman, eýsem zorlamaklyk ýa-da onuň kastyna düşmek üçin jogapkärçiligi aradan aýyrýan ýagdaý hökmünde seredilmelidir. Şunda günäkäriň hereketlerinde başga jenaýatlaryň alamaty bar bolan halatynda, ol diňe şol hakykat ýüzündäki eden hereketleri üçin jogap berip biler.

Günäkär gutarylmadyk jenaýatyny ahyryna ýetirmeklige doly mümkinçiligi bolup we oňa düşünip, jenaýaty ahyryna çenli ýerine ýetirmedik halatynda, bu ýagdaý jenaýatdan meýletin boýun gaçyrma diýlip hasap edilip bilner. Eger boýun gaçyrma günäkäriň özüne bagly bolmadyk sebäplere görä (jebir çekeniň garşylyk görkezmegi, keseki adamlaryň gelmegi, günäkäriň zyna gatnaşygyny fiziologik sebäplere görä amala aşyryp bilmezligi) ýüze çykan bolsa, onda kazyýetler bu

ýagdaýyň jogapkärçiligi aradan aýyrýan jenaýatdan meýletin boýun gaçyrma bolmaýandygyna üns bermelidirler.

Zorlamaklyga kast edeniň hereketlerinde jenaýatdan meýletin boýun gaçyrmagyň ýokdugy hakyndaky netijä gelenlerinde we onuň hereketlerini Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 14-nji maddasyna salgylanyp 132-nji maddasy bilen maddalaşdyranlarynda, kazyýetler öz hökümlerinde jenaýatyň günäkäre bagly bolmadyk ýagdaýlar boýunça ahyryna çenli ýerine ýetirilmändigi barasynda umumy salgylanmak bilen çäklenmän, eýsem-de günäkäriň jenaýaty soňuna çenli amala aşyrmakdan ýüz döndermegine mejbur eden iş boýunça takyklanan anyk sebäpleri görkezmelidirler.

19. Zorlamaklyk üçin jeza çäresi bellenende, kazyýetler kanunyň jogapkärçiligi aýrybaşgalaşdyrmak baradaky talaplaryndan ugur alyp, edilen jenaýatyň häsiýetini we jemgyýet üçin howplulyk derejesini, günäkäriň şahsyýetini, jogapkärçiligini ýeňilleşdirýän we agyrlaşdyrýan ýagdaýlary, her bir günäkärlenýäniň topar bolup zorlamaklygy etmekdäki ornuny we oňa gatnaşyş derejesini, şeýle-de jebir çeken bilen günäkärlenýäniň zorlamaklygyň öň ýanyndaky gatnaşyklaryny göz öňünde tutmalydyrlar.

20. Jogapkärçiligi agyrlaşdyrmaýan ýagdaýlarda edilen zorlamaklyk baradaky jenaýat işlerini gozgamaklygyň tertibi baradaky kanunyň talabyny gyşarnyksyz berjaý etmelidiklerine kazyýetleriň ünslerini aýratyn çekmeli.

Jebir çekeniň ýazmaça arzasynyň ýok mahalynda, şeýle jenaýat işleriň gozgalmagyna esas hökmünde diňe onuň, Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 208-nji maddasynda görkezilen tertipde teswirnamalaşdyrylan dilden eden arzasy esas bolup biler. Jebir çekeniň şikaýaty ýok mahalynda, şuňa meňzeş işler, diňe Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 213-nji maddasynda görkezilen halatlarda prokuroryň özi tarapyndan hem gozgalyp bilner.

Eger-de günäkär aýry-aýrylykda zorluk ulanyp, iki sany zenan bilen zyna işini eden bolsa we birinji eden jenaýaty boýunça jebir çeken günäkäri jenaýat jogapkärçiligine çekmek barada arza ýazan bolsa, günäkäriň ikinji hereketleri boýunça jebir çekeniň arzasy bolmasa-da ol gaýtadan jenaýat eden adam hökmünde Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 132-nji maddasynyň 2-nji bölüminiň “a” bendi bilen jogapkärçilige çekilip bilner, çünki kanunyň talaplaryna laýyklykda, zorlamaklyk agyrlaşdyrýan ýagdaýda gaýtadan amala aşyrylanda, jebir çekeniň arzasynyň bolmagy hökman däldir.

Ýokarda görkezilen ýagdaýlarda günäkäriň birinji hereketleri boýunça jebir çekeniň arzasy bolman, diňe ikinji hereketleri boýunça jebir çekeniň arzasy bar bolsa, oňa gaýtadan jenaýat eden diýip günä bildirmek mümkin däldir. Şol sebäpli onuň hereketleri Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň[1] 132-nji maddasynyň 1-nji bölümi bilen maddalaşdyrylmaga degişlidir.

21. Zorlamaklyk ýa-da beýleki zyna gatnaşyklary bilen baglanyşykly jenaýatlar baradaky işlere seredilende, kazyýetler Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 27-nji we 337-nji maddalaryna laýyklykda, her bir ýagdaýlarda işi seljermekligi dolulygyna ýa-da bölekleýin ýapyk kazyýet mejlisinde alyp barmak baradaky meseläni ara-alyp maslahatlaşmalydyrlar we Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 369-njy we 394-nji maddalarynyň talaplaryndan ugur alyp,

kazyýet seljerişiniň gatnaşyjylary bolmadyk on alty ýaşyna ýetmedik adamlaryň kazyýet mejlisiniň otagynda bolmazlyklaryny, iş boýunça şaýat hatarynda çykyş edýän şol ýaşdaky adamlaryň bolsa, sorag edilenlerinden soň kazyýet mejlisiniň otagyndan çykarylmaklaryny üpjün etmek üçin zerur bolan çäreleri görmelidirler.

Kazyýet mejlisine başlyklyk ediji, işiň ýagdaýlaryny hemmetaraplaýyn, doly we tarapgöýsüz derňemeklik we hakykaty anyklamak üçin zerur çäreleri görmek bilen, bu işleriň aýratynlygyny nazarda tutmalydyr we işe dahyly bolmadyk hem-de jebir çekeniň mertebesini we namysyny kemsidiji soraglary aradan aýyrmalydyr, şonuň ýaly-da kazyýet mejlisine gatnaşyjylaryň käbirleriniň özlerini nädogry alyp barmalarynyň wagtynda öňüni almalydyr.

22. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri zorlamaklyk bilen baglanyşykly işler boýunça kazyýet iş tejribesini yzygiderli öwrenmelidirler we şu görnüşli işlere seredilende göýberilýän ýalňyşlyklary öz wagtynda ýüze çykarmalydyrlar we düzetmelidirler hem-de aşakda durýan kazyýetlere amaly kömek bermek işini güýçlendirmelidirler.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy Ý.Esenow

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy T.Sopyýew

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 2

2008-nji ýylyň ýanwar aýynyň 25-i Aşgabat şäheri

Türkmenistanyň kazyýetleri tarapyndan daşary ýurtly ýuridik şahslaryň we telekeçileriň gatnaşmaklary bilen baglanyşykly jedellere seretmekde Türkmenistanyň kanunçylygynyň berjaý edilişi boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda

(28.07.2012 ý. № 1; 19.04.2014 ý. № 3; 18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3; 19.10.2024 ý. № 9; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Türkmenistanyň halkara söwda we maýa goýum gatnaşyklarynyň çalt depginde ösýän döwri Türkmenistanyň kärhanalaryna we guramalaryna daşary ýurtly ýuridik şahslar hem-de telekeçiler bilen daşary ykdysady işlerini amala aşyrmaga giň mümkinçilik döredi. Türkmenistanyň kazyýetlerinde agzalan gatnaşyklardan gelip çykýan jedelleriň hem sany artdy.

Türkmenistanyň kazyýetleri tarapyndan daşary ýurt guramalarynyň we telekeçilik işi bilen meşgullanýan raýatlarynyň gatnaşmagynda ykdysady jedelleri çözmekde Türkmenistanyň kanunlarynyň, şeýle hem halkara şertnamalarynyň talaplaryny dogry ulanmaklygy üpjün etmek maksady bilen, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy

K A R A R E D Ý Ä R:

1. Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksiniň 4-nji maddasyndan gelip çykyşyna görä, daşary ýurt guramalary, halkara guramalary we daşary ýurtly telekeçiler Türkmenistanyň kanunlarynda, şeýle hem Türkmenistanyň baglaşan halkara şertnamalarynda we taraplaryň arasynda baglaşylan ylalaşyklarynda göz öňünde tutulan halatlarda Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetine özleriniň bozulan ýa-da jedelli hukuklaryny, şeýle hem kanuny bähbitlerini goramak üçin ýüz tutmaga hukuklydyrlar.

2. Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksiniň 24-nji maddasynda göz öňünde tutulyşy ýaly, jedelleşýän taraplaryň haýsy hem bolsa biri daşary ýurtly ýuridik ýa-da fiziki şahs bolan ýagdaýynda jedel aýratyn kazyýete degişlilik tertibinde Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetinde seredilmäge degişlidir.

3. “Daşary ýurt maýa goýumlary hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 2-nji we 29-njy maddalaryna laýyklykda we “Daşary ykdysady iş hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 22-nji we 36-njy maddalarynda bellenilişi ýaly, daşary ykdysady gatnaşyklaryň gatnaşyjylary bilen Türkmenistanyň döwlet häkimiýeti we dolandyryş edaralarynyň, şeýle hem daşary ýurt gatnaşyklarynyň gatnaşyjylarynyň

arasynda döreýän ykdysady jedeller, eger-de baglaşylan şertnamalarda başga hili göz öňünde tutulmadyk bolsa (başga döwletiň kazyýetinde ýa-da bitaraplar kazyýetinde seretmek), Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetinde seredilmäge degişlidir. Şertnamalarda jedeli belli bir ýerde ýa-da belli bir usulda çözmek baradaky "araçy belliginiň" bolmazlygy hak isleg arzany kabul etmekden ýüz döndermeklige esas döretmeýär.

Şonuň bilen birlikde Türkmenistanyň gatnaşmagynda baglaşylan döwletara ylalaşyklarda ýüze çykýan jedelleri çözmegiň tertibi anyk görkezilen bolsa, mesele şol tertipde hem çözülmelidir.

4. Eger Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda başga kadalar göz öňünde tutulmadyk bolsa, onda kazyýet daşary ýurt şahslarynyň gatnaşmagyndaky işlere Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksiniň düzgünlerine laýyklykda seredýär.

5. Daşary ýurt şahslary Türkmenistanyň guramalary we raýatlary bilen deň hatarda iş ýörediş hukuklaryndan peýdalanýarlar we iş ýörediş borçlaryny çekýärler.

Diňe Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda göz öňünde tutulan halatlarda daşary ýurt şahslaryna iş ýörediş ýeňillikleri berilýär.

6. Daşary ýurt şahslarynyň hak isleg arzalary kabul edilende, olaryň öz hukuk ýagdaýyny hem-de telekeçilik we gaýry ykdysady işlerini amala aşyrmaga hukugyny tassyklaýan subutnamalaryň talap edilmelidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

7. "Konsullyk gullugy hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, eger Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, onda kazyýetiň daşary ýurt döwletleriniň Türkmenistanyň araçäkleriniň daşynda ýerleşýän edaralary tarapyndan berlen resminamalara diňe konsullyk kanunlaşdyrmasy bar bolan ýagdaýynda iş boýunça subutnama hökmünde seretmelidigini bellemeli.

8. Kazyýetleriň işe gatnaşyjylaryň işe seretmek üçin kazyýete berýän daşary ýurt dilinde ýazylan resminamalary türkmen diline degişli tertipde tassyklanan terjimesi bilen bermegi talap etmelidiklerine ünsüni çekmeli.

9. Kazyýet daşary ýurt şahslarynyň gatnaşmagyndaky işlere seredende taraplaryň arasynda baglaşylan ylalaşykda görkezilen döwletleriň kanunçylygyny ulanmalydyr. Taraplaryň ylalaşygynda görkezilen döwletleriň kanunlarynda jedelli gatnaşyklary düzgünleşdirýän kadalar bolmadyk halatynda Türkmenistanyň degişli hukuk kadalary ulanylmalydyr. Eger taraplaryň arasynda baglaşylan ylalaşykda jedeliň haýsy kanunçylyk esasynda çözülmelidigi görkezilmese, onda jedele Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda seredilýär.

10. Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksiniň 108-nji maddasyna laýyklykda, hak isleýjiniň jogap beriji bilen arasynda dörän ykdysady gatnaşyklardan gelip çykýan jedeli kazyýete ýüz tutmazdan özara düzgünleşdirmek baradaky geçiren çärelerini subut edýän subutnamalary hak isleg arzasyna goşup, kazyýete bermedik ýagdaýynda hak isleg arzanyň kazyýetde seredilmezden yzyna gaýtarylýandygy baradaky talaplaryň daşary ýurtly ýuridik ýa-da fiziki şahslara hem degişlidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Şunda hak isleg arzany yzyna gaýtarmaklyga jedelleşýän taraplaryň arasyndaky baglaşylan şertnamada ýa-da Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda jedeli özara gepleşikleri geçirmek ýoly bilen, kazyýete ýüz tutmazdan çözmek mümkünçiligi göz öňünde tutulan bolsa ýol berilýär.

11. Türkmenistanyň RK-nyň 48-nji maddasynda göz öňünde tutulyşy ýaly, eýeçiliginde aýrybaşga emlägi bolan we öz borçnamalary boýunça bu emläk bilen jogap berýän, öz adyndan emläk we emläkleýin däl şahsy hukuklary edinip hem-de amala aşyryp bilýän, borçlaryny çekip bilýän, kazyýetde hak isleýji we jogap beriji bolup bilýän gurama ýuridik şahs diýilýär.

Şu nukdaý nazardan agzalan Kodeksiň 56-njy maddasynda görkezilen ýuridik şahslaryň wekillikleri we şahamçalary ýuridik şahs diýlip hasap edilmeýär we olar ýuridik şahslaryň ynanç hatlary esasynda işleýärler.

Kanunyň şu talaplaryndan ugur almak bilen, ýuridik şahslaryň wekilliklerine we şahamçalaryna beren ynanç hatlarynda olaryň ýuridik şahslaryň bähbitlerini gorap kazyýete hak islegi bilen ýüz tutmak, tarap bolup çykyş etmek, haýyş bildirmek, subutnamalary kazyýete bermek, kazyýet çözgüdiniň üstünden şikaýat etmek we ş.m. ygtyýarlyklar berlen ýagdaýynda hak isleg arza bilen kazyýete ýüz tutup bilýändiklerine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

12. Kazyýetlerde hak isleg arza kabul edilende, daşary ýurtly ýuridik ýa-da fiziki şahslary Türkmenistanyň Ykdysadyýet we maliýe ministrligindäki edaralary we guramalary hasaba alýan bölümde hasaba alyş maglumatlaryny, olaryň bank maglumatlaryny tassyklaýan resminamalary talap etmek zerurdyr.

13. Daşary ýurtly ýuridik we fiziki şahslardan hak isleg arzalar kabul edilende, olaryň hak isleg arzalarynda goýýan meselelerine laýyklykda Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksiniň 103-nji maddasynyň talaplarynyň gyşarnyksyz berjaý edilmelidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

14. Daşary ýurtly şahslaryň hak isleg arzalaryna seredilende, işleri kazyýet mejlisine taýýarlamak, seretmek, subutnamalary talap etmek, olara baha bermek Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksiniň VI, XI-XIII baplarynda göz öňünde tutulan düzgünlere laýyklykda amala aşyrylmalydyr.

Hak isleg arzalary kazyýetiň önümçiligine kabul etmek we iş gozgamak baradaky kararlarda jedeliň kazyýetiň seretmegine kabul edilenligi, şeýle hem işi kazyýet mejlisine taýýarlamak bilen baglanyşykly anyk hereketler görkezilmelidir.

15. Ykdysady jedellere kazyýet mejlisinde seredilende, diňe iş üçin ähmiýeti bolan maglumatlar barlanylmaga degişlidir. Işe hak isleýjiniň hak isleg arzada görkezen anyk talabynyň çäginde seredilmelidir. Iş boýunça önümçiligi bes etmek we hak islegini seretmän galdyrmak meselesine seredilende, Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksiniň 141-nji, 145-nji maddalarynda görkezilen esaslar gutarnyklydyr.

16. Ykdysady gatnaşyklardan gelip çykýan jedellere seredilende, olaryň döremekligine haýsy anyk ýagdaýlaryň sebäp bolandygyny anyklamak üçin kazyýet ähli çäreleri görmelidir.

Kanunçylygyň bozulandygy we düýpli ýetmezçilikleriň goýberilendigi ýüze çykarylan halatlarda hususy kesgitnama çykarmak arkaly degişli guramalaryň ýa-da wezipeli adamlaryň ünsüni çekmek zerurdyr.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy Ç. Hojamyradow

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy M.Çaryýew

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 3

2008-nji ýylyň ýanwar aýynyň 25-i Aşgabat şäheri

Notarial hereketleri ýa-da notarial hereketlerini amala aşyrmakdan ýüz dönderilendigi barada bildirilen şikaýatlara seredilende kazyýetler tarapyndan kanunçylygyň berjaý edilişi hakynda

(28.07.2012 ý. № 1; 16.07.2016 ý. № 4; 08.12.2018 ý. № 7; 17.02.2024 ý. № 3; 19.07.2025 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen)

Notarial hereketleri ýa-da olary amala aşyrmakdan ýüz dönderilmegi baradaky şikaýatlara kazyýetleriň seretmegi fiziki we ýuridik şahslaryň şahsy hem-de emläk hukuklaryny goramagyň möhüm kepillendirmeleriniň biridir.

Kazyýetler şeýle işlere esasan dogry, hereket edýän kanunçylyga laýyklykda seredýärler.

Şunuň bilen birlikde kazylar şu işler boýunça aýratyn we hak isleg önümçilgini aýyl-saýyl etmekde kynçylyk çekýärler, şol sebäpli gyzyklanýan taraplaryň arasynda kazyýetiň seretmegine degişli raýat hukugy hakyndaky jedel bar mahaly notarial hereketleri ýa-da şol hereketleri amala aşyrmakdan ýüz döndermek baradaky şikaýatlara aýratyn iş ýöretmek tertibinde seredilýän mahalyna duş gelinýär.

Käbir halatlarda şeýle şikaýatlara seretmegiň tertibini düzgünleşdirýän raýat iş ýörediş kanunçylygynyň talaby berjaý edilmeýär. Kazylar zerur bolan mahalynda döwlet ýa-da hususy notariuslary tarapyndan ýol berlen kanunbozulmalary ünssüz galdyrýarlar.

Bellenilen kemçilikleri düzetmek we kazyýet iş tejribesiniň birmeňzeşligini üpjün etmek maksady bilen, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy

K A R A R E D Ý Ä R:

1. Notarial hereketleri ýa-da olary amala aşyrmakdan ýüz dönderilendigi baradaky şikaýatlara kazyýetler tarapyndan dogry seredilmegi fiziki we ýuridik şahslaryň notarial taýdan tassyklanylan şertnamalardan miras hukuklaryny resmileşdirmekden, ýerine ýetiriliş ýazgylaryny ýazmakdan beýleki notarial hereketlerinden ýüze çykýan hukuklaryny hem-de bähbitlerini goramaga gönükdirilendir.

2. Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 272-nji maddasynyň 4-nji bendine görä, notarial hereketleri ýa-da olary amala aşyrmakdan ýüz dönderilendigi baradaky şikaýatlar kazyýetler tarapyndan seredilýän, administratiw-hukuk

gatnaşyklaryndan gelip çykýan işlere degişlidir we şol şikaýatlar kazyýetde çözülende Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 28-nji babyndaky maddalaryny gollanmak gerekdir.

3. Jedelsiz hukuklary, şeýle hem ýuridik ähmiýeti bolan faktlary tassyklamak we olara ýuridik takyklygy bermek üçin notarial işini amala aşyrmak wezipeleri ýüklenen edaralardan, notarial işi amala aşyrmaga hukuk berýän ygtyýarnama esasynda notarial işini amala aşyrýan hususy notariuslardan we ygtyýarly wezipeli adamlardan ybarat bolan ulgam – bu Türkmenistanda notariatdyr.

"Notariat we notarial işi hakynda" Türkmenistanyň Kanunynda we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda göz öňünde tutulan notarial hereketleriniň amala aşyrylmagy döwlet notarial edarasynyň döwlet notariusy, hususy notarius we agzalan kanuna laýyklykda notarial işini amala aşyrmak wezipeleri ýüklenen beýleki ygtyýarly wezipeli adamlar tarapyndan amala aşyrylýar.

4. Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 292-nji maddasyna laýyklykda notarial işlerini amala aşyrmaga ygtyýarly adamlaryň nädogry hereketleri barasyndaky şikaýat bilen diňe gyzyklanýan adam kazyýete ýüz tutmaga haklydyr.

Gyzyklanýan adam diýlip şikaýat edilýän notarial hereketleri ýa-da olary amala aşyrmakdan ýüz dönderilmegi netijesinde hukuklaryna ýa-da kanun tarapyndan goralýan bähbitlerine täsir ýeten fiziki we ýuridik şahslara düşünilmelidir.

Nädogry notarial hereketleri diýlip hereket edýän kanunçylyga ters gelýän, esassyz hereketlere düşünilmelidir.

5. Gyzyklanýanyň hukuk hakynda kazyýetiň seretmegine degişli jedeliniň bolmadyk ýagdaýynda, notarial hereketiniň nädogry amala aşyrylandygy ýa-da notarial hereketini amala aşyrmakdan ýüz dönderilendigi baradaky şikaýatlara aýratyn iş ýöretmek tertibinde seredilýär.

Notarial hereketleri netijesinde hukugy we kanun tarapyndan goralýan bähbidi gozgalan ýa-da gozgalyp bilinjek islendik beýleki adam degişli hak islegi bilen kazyýete ýüz tutup, öz bozulan hukuklaryny ýa-da bähbitlerini goramaga haky bardyr.

6. Notarial hereketleri ýa-da olary amala aşyrmakdan ýüz dönderilmegi baradaky şikaýat kabul edilen mahaly hukuk hakyndaky jedeliň ýokdugyny anyklamak zerurdyr.

Amala aşyrylan notarial hereketlerine esaslanyp hukuklaryny we borçlaryny goraýan adamyň arzasy hak isleg tertibinde kazyýetde seredilmelidir.

Şol sebäpli miras hakyndaky şahadatnamanyň mirasy kabul etmekliginiň möhletiniň geçirilmegi ýa-da mirasdarlaryň jedeli sebäpli ony bermekden ýüz dönderilmegi, şeýle hem algydaryň we bergidaryň arasynda ýerine ýetiriliş ýazgylarynda görkezilen bank karzlarynyň, ýaşaýyş jaý töleglerіniň möçberi barasyndaky şikaýatlar aýratyn iş ýörediş tertibinde kazyýetlerde seredilip bilinmez.

7. Mirasdar mirasy hakykat ýüzünde kabul edip, notarial hereketlerini amala aşyrýan edara miras galan emlägi hakykat ýüzünde eýeçilik etmäge girişilendigi baradaky ýagdaýy notarial tertibinde tassyklamak üçin zerur bolan degişli resminamalaryň getirilip berlendigine garamazdan miras almak hukugy hakyndaky

şahadatnamany bermekden ýüz dönderilende, gyzyklanýan adam notarial hereketlerini amala aşyrmakdan ýüz dönderilendigi barasynda şikaýat bilen kazyýete ýüz tutmaklyga haklydyr.

8. Amala aşyrylan notarial hereketleri ýa-da notarial hereketlerini amala aşyrmakdan ýüz dönderilmegi nädogry hasaplanylyp bildirilen şikaýatyň aýratyn iş ýöretmek tertibinde seretmek üçin esas bolýandygyny anyklap, şikaýat kabul edilende ony wagtynda we dogry çözmek üçun gerek maglumatlaryň bardygyna göz ýetirmek zerurdyr. Arzada şikaýat beriji hakyndaky maglumatlardan başga-da notarial hereketlerini ýerine ýetiren ýa-da ony ret eden notariusyň işleýän edarasynyň ady we yerleşýän ýeri, haýsy ýerine ýetirilen notarial hereketine ýa-da ony ýerine ýetirmekden ýüz döndermä şikaýat bildirilýändigi, şikaýat edilýän notarial hereketiniň amala aşyrylan senesi hem-de gyzyklanýan taraplar barada görkezilmelidir.

9. Notarial hereketlerini amala aşyrmakdan ýüz dönderilen mahalynda arza berijä onuň pikiri boýunça notarial taýdan güwä geçilmeli ýa-da şaýatlyk edilmeli resminamalar, şeýle hem notarial hereketlerini amala aşyrmakdan ýüz dönderilendigi hakynda notariusyň ýa-da muňa ygtyýarly edilen beýleki wezipeli adamyň karary berilmelidir.

“Notariat we notarial işi hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 64-nji maddasynyň 3-nji böleginde görkezilişi ýaly, fiziki ýa-da ýuridik şahsa notarial hereketini amala aşyrmakdan ýüz dönderen notariuslar, ygtyýarly wezipeli adamlar ol fiziki ýa-da ýuridik şahsyň ýazmaça arzasy boýunça ýüz dönderilmeginiň sebäplerini ýazmaça görnüşde beýan etmäge we oňa şikaýat etmegiň tertibini düşündirmäge borçludyrlar. Şeýle halatlarda notarial hereketini amala aşyrmakdan ýüz dönderilmegi ýüz tutulan gününden soň bäş iş gününden giç bolmadyk möhletde notariuslar, ygtyýarly wezipeli adamlar tarapyndan notarial hereketini amala aşyrmakdan ýüz döndermek hakynda karar çykarýar. Eger şeýle karar ýok bolsa, onda kazy Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 153-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 2-nji bendine laýyklykda arzany kabul etmekden ýüz dönderip, kazyýete ýüz tutan adama işi ilki kazyýetsiz çözmek barada işleriň şu görnüşi üçin kanunda bellenen tertibiň berjaý edilmelidigini, ýagny ilki notarial edarasyna ýa-da ygtyýarly wezipeli adamlara ýüz tutmalydygyny we notarial hereketini amala aşyrmakdan ýazmaça ýüz dönderilen halatynda kazyýete şikaýat etmegiň tertibini düşündirmelidir.

10. Eger-de şikaýatdan we oňa goşulan resminamalardan hukuk hakynda jedeliň bardygy anyklanylsa, Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 274-nji maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda, kazy şikaýaty seretmän galdyrýar. Şunda kazy tarapyndan arza berijä ýüze çykan jedeli çözmek üçin Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 149-150-nji maddalarynyň talaplaryny berjaý etmek bilen hak isleýiş arzasyny resmileşdirmegiň zerurdygy düşüdirilmelidir.

Şeýlelikde kazyýet mejlisi döwründe hukuk hakynda jedeliň ýüze çykan mahalynda kazyýetiň şikaýaty düýp manysy boyunça çözmäge haky ýokdur”.

11. Şikaýaty wagtynda we dogry çözmekligi üpjün etmek maksady bilen, iş kazyyet mejlisinde seretmeklige taýýarlanylan mahalynda ýüze çykan hukuk gatnaşyklarynyň häsiýetini we ony çözmek üçin haýsy kadalaşdyryjy hukuk

namalaryny gollanylmalydygyny anyklamak, işe gatnaşýan taraplaryň düzümini we arza berijiniň, notariusyň (hereketi şikaýat edilýän wezipeli adamyň) we işe gatnaşmaly beýleki adamlaryň bermeli subutnamalaryny kesgitlemek hem-de kazyýet mejlisiniň geçiriljek ýeri we wagty hakynda olary habarly etmek gerekdir.

12. Şikaýatlaryň we taraplaryň hukuk gatnaşyklarynyň häsiýetlerinden ugur almak bilen, arza berijä we işe gatnaşýan beýleki taraplara subutnama hökmünde notarial taýdan tassyklanylan resminamalaryň asyl nusgalaryny bermeklik teklip edilmelidir. Mysal üçin, şertnamalar, wesýetnamalar, ynanç hatlary we beýleki ýazmaça subutnamalar.

13. Kazyýet iş önümçiliginiň taraplaryň bäsleşigi we deňhukuklylygy esasynda amala aşyrylýandygyny nazara almak bilen, şikaýata sereden mahaly kazyýet tarapgöýsüzligi saklap, işe gatnaşýanlara işiň ýagdaýyny hemmetaraplaýyn we doly derňemek üçin zerur we deň şertleri döretmelidir.

Haçan-da işe gatnaşýan taraplara subutnamalary bermek kyn bolan halatlarynda (subutnamalar döwlet edaralarynda, guramalarda, raýatlarda bolup, görkezilen taraplaryň haýyşy boýunça bermekden ýüz dönderilse we başga ýagdaýlarda) kazyýet olara subutnamalary toplamakda ýardam bermelidir.

14. Türkmenistanyň Raýat iş yörediş kodeksiniň 292-nji maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda, amala aşyrylan notarial hereketi ýa-da notarial hereketini amala aşyrmakdan ýüz dönderilmegi barada şikaýat kazyýete bir aý möhletde berilýär, bu möhlet bolsa amala aşyrylan notarial hereketi ýa-da notarial hereketini amala aşyrmakdan ýüz dönderilmegi barada arza berijä mälim bolan gününden hasaplanyp başlanýar.

Şonuň üçin şikaýata seredilen mahaly görkezilen möhletiň geçirilmegi bilen baglanyşykly ähli ýagdaýlar anyklanmalydyr. Şol sanda:

notarial hereketiniň amala aşyrylan ýa-da ony amala aşyrmakdan ýüz dönderilen senesi;

şikayat edilýän notarial hereketiniň amala aşyrylandygy ýa-da ony amala aşyrmakdan ýüz dönderilendigi barada arza berijiniň bilen wagty;

arza berijiniň kazyýete bellenilen möhleti geçirip şikaýat etmeginiň sebäbi.

Kazyýet notarial hereketi we ony amala aşyrmakdan ýüz dönderilendigi barada şikaýat etmek üçin bellenilen möhletiň arza beriji tarapyndan esasly sebäplere görä geçirilendigini anyklasa, ol bu möhleti dikeldip, şikaýata düýp manysy boýunça seredip biler.

15. Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 294-nji maddasyna görä, notarial hereketi hakyndaky şikaýata seredip, kazyýet çözgüt çykarýar, kazyýet şikaýaty esasly diýip ykrar etse, şikaýaty kanagatlandyrýar we edilen notarial hereketini ýatyrýar ýa-da notariusy şeýle-de beýleki wezipeli adamy belli bir hereketleri amala aşyrmaga borçly edýar ýa-da notarial hereket amala aşyrylanda goýberilen kanun bozulmany düzetmäge notariusy ýa-da beýleki wezipeli adamy borçly edýär. Eger kazyýet şikaýat edilýän hereketleriň kanunalaýykdygyny anyklasa, şikaýaty kanagatlandyrmakdan ýüz dönderýär.

Çözgüdiň karar geliş böleginde notarial hereketi ýatyrylan mahaly haçan we kim tarapyndan amala aşyrylan, haýsy anyk hereketiň ýatyrylýandygyny, notarial hereketini ýerine ýetirmekden boýun gaçyrylmagy hakyndaky şikaýatlar

kanagatlandyrylan mahaly haýsy notarial hereketiniň we kim tarapyndan amala aşyrylmalydygyny görkezmek gerekdir.

Agzalan maddanyň manysyndan gelip çykyşyna görä, döwlet notarial edarasy ýa-da hususy notarius tarapyndan resmileşdirilen şertnamalar, berlen şahadatnamalar diňe kazyýet tarapyndan hakyky däl diýlip bilner.

16. Şikaýat kanagatlandyrylan mahaly kazyýetiň çözgüdiňiň göçürme nusgasyny döwlet notarial hereketini amala aşyran ýa-da amala aşyrmakdan ýüz donderen notarial edarasyna ibermek zerurdyr.

17. Notarial hereketini amala aşyran ýa-da ony amala aşyrmakdan ýüz dönderen notariusyň işe gatnaşýan tarap hökmünde Türkmenistanyň Raýat iş ýöredişi kodeksiniň 117-nji maddasynda göz öňünde tutulan ähli iş ýöredişi hukuklaryna eýedigi üçin, onuň şol kodeksiň 343-nji maddasyna laýyklykda kazyýetiň şikaýat boýunça kabul eden çözgüdine nägilelik tertibinde şikaýat bildirmäge haky bardyr.

18. Şu işlere seredilen mahaly kazyýetler fiziki we ýuridik şahslaryň esaslandyrylan şikaýatlaryny döreden notariuslarynyň işindäki kemçilikleri has çuň açmalydyrlar we zerur halatlarda notarial hereketlerini amala aşyrmagyň kanun arkaly bellenilen tertibiniň we şertleriniň bozulmagyndan netije çykarmalydyrlar. Şikaýatlara seretmek boýunça kazyýetleriň işini gowulandyrmak maksady bilen, şeýle işler boýunça kazyýet iş tejribesi umumylaşdyrylyp durulmalydyr.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy Ç.Hojamyradow

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy M.Çaryýew

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 7

2010-njy ýylyň 18-nji dekabry Aşgabat şäheri

Zähmet şertnamasyny baglaşmagy, üýtgetmegi we ýatyrmagy düzgünleşdirýän kanunçylygyň kazyýetler tarapyndan ulanylyş iş tejribesi hakynda

(19.04.2014 ý. № 3; 16.07.2016 ý. № 4; 26.08.2017 ý. № 3; 17.10.2020 ý. № 11; 24.07.2021 ý. № 7; 18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3; 19.07.2025 ý. № 4; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen)

Täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda Türkmenistanyň kanunçylygynda bolup geçen üýtgetmeleri nazara alyp hem-de Türkmenistanyň täze Zähmet kodeksiniň kabul edilmegi bilen baglylykda kazyýet iş tejribesinde ýüze çykan soraglara düşündirişleri bermek maksadyna eýerip, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy

KARAR EDÝÄR:

1. Zähmet jedelleriniň kazyýetler tarapyndan dogry we öz wagtynda çözülmeginiň zähmet hakyndaky kanunçylygyň bozulmalarynyň öňüni almakda, zähmet düzgün-tertibini berkitmekde, işgärleriň we iş berijileriň hukuklarynyň goralmagyny üpjün etmekde möhüm ähmiýete eýedigini kazyýetlere düşündirmeli.

2. Zähmet gatnaşyklary diýlip Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynda, zähmet şertnamasynda, köpçülikleýin şertnamada (ylalaşykda) göz öňünde tutulan zähmet şertleriniň iş beriji tarapyndan üpjün edilen mahalynda işgäriň şahsy zähmet borçlarynyň tölegli ýerine ýetirilmegine işgär bilen iş berijiniň arasyndaky ylalaşyga (belli bir kär, hünär derejesi ýa-da wezipe boýunça işler), kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalaryna işgäriň tabyn bolmagyna esaslanan gatnaşyklara düşünilýär.

3.Türkmenistanyň Zähmet kodeksine we Türkmenistanyň gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda işgär bilen iş berijiniň arasynda baglaşylýan zähmet şertnamasy zähmet gatnaşyklarynyň döremegi üçin esasdyr.

Zähmet şertnamasy adamyň ýazmaça arzasynyň esasynda iş berijiniň ony işe kabul etmek hakyndaky buýrugy çykarmagy arkaly baglaşylýar. Hakyna tutma zähmeti ulanýan iş beriji – fiziki şahs bilen işgäriň arasynda zähmet şertnamasy Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 288–300-nji maddalarynda göz öňünde tutulan tertipde baglaşylýar. Iş berijiniň işe kabul etmek hakyndaky buýrugy işgäre üç gün möhletde gol çekdirilip yglan edilmelidir. Işgäriň talap etmegi boýunça iş beriji oňa görkezilen buýrugyň degişli ýagdaýda tassyklanan nusgasyny bermäge borçludyr. Işgär we iş beriji zähmet gatnaşyklarynyň taraplary bolup durýarlar.

Talabalaýyk resmileşdirilen zähmet şertnamasy bolmadyk mahalynda iş berijiniň ygtyýar bermegi bilen ýa-da onuň tabşyrmagy boýunça işgäriň işe hakyky goýberilmegi zähmet şertnamasynyň hereket edip başlamasy hasaplanyp, işe kabul etmek hakyndaky buýruk işgäriň işe hakyky goýberilen gününden başlap üç senenama gününden gijä galman çykarylmalydyr. Eger işgär bellenilen möhletden ýedi senenama güniniň geçmegi bilen esasly sebäpler bolmazdan işe girişmese, onda zähmet şertnamasy baglaşylmadyk diýlip hasap edilýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

4. Zähmet şertnamasyny baglaşmakdan esassyz ýüz döndermek gadagan edilýär. Esassyz ýüz öwrendigi üçin iş berijiler, wezipeli adamlar ýa-da olaryň ygtyýarly eden adamlary Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen jogapkärçiligi çekýärler. Kazyýetler zähmet şertnamasyny baglaşmakdan esassyz ýüz döndermek baradaky jedellere seredenlerinde Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 24-nji maddasyndan ugur almalydyrlar.

Zähmet şertnamasyny baglaşmakdan ýüz dönderilen adamyň talap etmegi boýunça iş beriji ýüz tutulandan soň, üç günden gijä galman, ýüz öwürmegiň sebäbini ýazmaça görnüşde habar bermäge borçludyr. Iş berijiniň zähmet şertnamasyny baglaşmakdan ýüz döndermesiniň sebäpli esaslandyrmasyny bermekden ýüz öwürmesi kazyýete şikaýat edilip bilner.

5. Zähmet kanunçylygynda, zähmet şertnamasynda, köpçülikleýin şertnamada (ylalaşykda) başga düzgün bellenilmedik bolsa, zähmet şertnamasy adamyň ýazmaça arzasynyň esasynda çykarylan buýruga iş beriji tarapyndan gol çekilen gününden ýa-da iş berijiniň (onuň ygtyýarly wekiliniň) ygtyýary bilen ýa-da tabşyrmagy boýunça işgäriň işe (gulluga) hakyky goýberilen gününden; iş beriji – hakyna tutma zähmeti ulanýan fiziki şahs bilen işgäriň arasynda baglaşylan zähmet şertnamasy iş beriji we işgär tarapyndan oňa gol çekilen gününden güýje giryändigini kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

Kazyýetler zähmet jedellerine seredip, Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 21-nji maddasynyň 1-nji böleginde göz öňünde tutulan esaslarda, şol baglaşylan zähmet şertnamasyny hakyky däl diýip ykrar edip bilerler.

6. Zähmet şertnamalary kesgitsiz möhlete (möhletsiz) we hemişelik däl häsiýetli işleri ýerine ýetirmek üçin Türkmenistanyň Zähmet kodeksinde ýa-da Türkmenistanyň gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalarynda başga möhlet bellenmedik bolsa, bäş ýyldan köp bolmadyk kesgitli möhlete baglaşylyp bilinýändir.

Türkmenistanyň Zähmet kodeksinde, şeýle hem Türkmenistanyň gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalarynda başgaça göz oňünde tutulmadyk bolsa, geljekki işiň häsiýetini ýa-da ony ýerine ýetirmegiň şertlerini hasaba almak bilen zähmet gatnaşyklary kesgitsiz möhlet üçin bellenilip bilinmedik halatlarynda möhletli zähmet şertnamasynyň baglaşylýandygyny, şol bir wagtyň özünde kesgitsiz möhlete zähmet şertnamasy baglaşylýan işgärler üçin göz öňünde tutulan hukuklary we kepillendirmeleri bermekden boýun gaçyrmak maksady bilen möhletli zähmet şertnamalarynyň baglaşylmagynyň gadagan edilýändigini kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

Eger zähmet şertnamasynda onuň hereket ediş möhleti görkezilmese ỳa-da taraplaryň hiç biri möhletli zähmet şertnamasynyň möhletiniň gutarmagy bilen baglanyşykly onuň ýatyrylmagyny talap etmese, işgär bolsa zähmet şertnamasynyň möhleti gutarandan soň işini dowam etdirse, onda zähmet şertnamasy kesgitsiz möhlete baglaşylan diýlip hasap edilmelidir.

7. Möhletli zähmet şertnamasyny baglaşan işgärler barasynda hem zähmet şertnamasyny kesgitsiz möhlete (möhletsiz) baglaşmagy düzgünleşdirýän zähmet kanunçylygynyň ulanylmalydygyny, ýöne kanunçylyk tarapyndan möhletli zähmet şertnamasy boýunça gatnaşyklary düzgünleşdirmegiň aýratynlyklary göz öňüne tutulan halatlarynyň muňa degişli däldigine kazyýetler üns bermelidirler. Wagtyň görnetin belli bir döwri üçin ýa-da görnetin belli bir işi ýerine ýetirmek, betbagtçylykly halatlaryň, heläkçilikleriň, weýrançylyklaryň, epizootiýalaryň öňüni almak boýunça möhletli işleriň geçirilýän döwri üçin, şonuň ýaly-da görkezilen ýagdaýlary we beýleki adatdan daşary ýagdaýlaryň ýetiren täsirlerini aradan aýyrmak üçin, önümçiligiň ýa-da hyzmatlary bitirmegiň möçberleriniň giňeldilmegi bilen baglanyşykly işleriň geçirilýän döwründe, durkuny täzelemek, gurnamak, sazlap-goýberiş we beýleki işleriň geçirilýän döwründe işgär bilen baglaşylan zähmet şertnamasy görkezilen ýagdaýlaryň tamamlanmagy bilen şertnamanyň şertine laýyklykda bes edilýändir. (Türkmenistanyň Zähmet Kodeksiniň 48-nji maddasynyň 2-nji bendi).

8. Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 34-nji, 36-njy maddalarynda göz öňünde tutulan halatlardan başga ýagdaýlarda iş berijiniň işgäriň ýazmaça razylygy bolmazdan ony şol bir kärhanada başga hemişelik işe geçirmäge, ýagny zähmet borçlaryny ýa-da zähmet şertlerini üýtgetmäge, şeýle hem başga kärhana ýa-da kärhana bilen bilelikde başga ýere hemişelik işe geçirmäge haky ýokdur.

Eger işgär başga işe geçirilmeden ýüz öwrende ýa-da iş berijide degişli iş bolmadyk mahalynda zähmet şertnamasy Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 39-njy maddasynyň birinji böleginiň 3-5-nji bentlerine laýyklykda bes edilmäge degişlidir. Işgäri saglyk ýagdaýy boýunça oňa ýaramaýan başga işe we hünärli işgäri hünärsiz işe geçirmeklige ýol berilmeýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

Işgär iş şertleriniň iş beriji tarapyndan üýtgedilmegini kazyýete şikaýat etmäge haklydyr. Zähmetiň öňki şertlerini saklap galmaga mümkinçiliginiň ýokdugyny subut etmek iş berijiniň üstüne ýüklenýändigini kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

Eger jedele seredilen mahalynda, iş beriji tarapyndan işgäriň zähmet şertleriniň düýpli üýtgedilmegi Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 32-nji maddasynyň 3-nji böleginde göz öňünde tutulyşy ýaly kärhanada, edarada, guramada önümçiligi we zähmeti guramakdaky üýtgeşikler bilen baglanyşyklylykda amala aşyrylmandygy anyklanylsa, onda kazyýetler tarapyndan anyk ýagdaýlar nazara alnyp, iş berijiniň üstüne işgäriň öňki zähmet şertlerini dikeltmek borjuny ýüklemek bilen şeýle üýtgetme bikanun diýlip ykrar edilip bilner.

9. Möhletsiz baglaşylan zähmet şertnamasyny, şeýle hem möhletli zähmet şertnamasyny onuň möhleti tamamlanmanka işgäriň başlangyjy boýunça ýatyrmak baradaky işlere seredilende, işgäriň arzasyny öz islegi boýunça meýletin ýazandygyny we şol meýli hakda iş berijini iki hepde öňünden habarly edendigini

kazyýetler anyklamalydyrlar. Taraplaryň ylalaşmagy boýunça zähmet şertnamasy işden boşatmak hakyndaky duýduryşyň möhletiniň gutarmagyna çenli hem bes edilip bilner.

Eger işden boşatmak hakyndaky duýduryşyň möhleti tamamlananyndan soň, işgär bilen zähmet şertnamasy ýatyrylmasa we zähmet gatnaşyklary dowam etse, onda işgäriň başlangyjy boýunça zähmet şertnamasyny ýatyrmak hakyndaky arza güýjüni ýitiren hasap edilýär we şol esasda zähmet şertnamasynyň ýatyrylmagyna ýol berilmeýär.

Eger işgäriň başlangyjy boýunça zähmet şertnamasyny ýatyrmak hakyndaky arza, onuň işi dowam etdirmäge mümkinçiliginiň bolmazlygy bilen şertlendirilse (okuw mekdebine girmegi, saýlawly wezipä saýlanmagy we Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan başga ýagdaýlarda), iş beriji zähmet şertnamasyny işgäriň arzasynda görkezilen möhletde ýatyrmalydyr.

10. Iş berijiniň başlangyjy boýunça zähmet şertnamasyny ýatyrmak baradaky işlere seredilende, kazyýetler Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 44-nji maddasynda görkezilen möhletlerden gijä galman, iş berijiniň zähmet şertnamasyny bes etmek meýli barada işgäri ýazmaça (gol çekdirilip) duýdurandygyny anyklamalydyrlar.

Iş berijiniň başlangyjy boýunça göwreli aýallar we üç ýaşa çenli çagasy (on sekiz ýaşa çenli maýyp çagasy) bolan aýallar bilen zähmet şertnamasynyň ýatyrylmagyna ýol berilmeýändigini, ýöne kärhananyň ýatyrylan ýa-da iş beriji – fiziki şahs tarapyndan işiň bes edilen, zähmet düzgün-nyzamynyň yzygiderli bozulan, zat eýesiniň emläginiň ogurlanan halatlarynyň şeýle hem Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 241-nji maddasynyň 5-nji we 6-njy böleklerinde göz öňünde tutulan ýagdaýlaryň muňa degişli däldigini kazyýetlere düşündirmeli.

Işden boşatmagyň umumy tertibini berjaý etmegiň daşyndan diňe kärdeşler arkalaşygy guramasynyň we kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işleri baradaky toparyň razylygy bilen iş berijiniň başlangyjy boýunça on sekiz ýaşyna ýetmedik işgärleriň işden boşadylmagyna ýol berilýändigini, şonda Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 42-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 1-3-nji bentlerinde görkezilen esaslar boýunça işe ýerleşdirilmän, olaryň işden boşadylmagyna ýol berilmeýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

11. Türkmenistanyň Zähmet Kodeksiniň 42-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 2-nji, 3-nji, 5-8-nji, 11-nji bentlerinde göz öňünde tutulan esaslar boýunça degişli kärdeşler arkalaşlygy guramasynyň ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli guramasynyň deslapky razylygy bolmazdan iş berijiniň başlangyjy boýunça zähmet şertnamasynyň ýatyrylmagyna ýol berilmeýär.

Kärdeşler arkalaşygy guramasynyň mejlisine onuň düzümine saýlanan agzalaryň ýarysyndan köpüsi gatnaşýan bolsa, onuň mejlisi doly hukukly hasap edilýändigine kazyýetler üns bermelidirler. Şu talap kärdeşler arkalaşygy guramasynyň agzalarynyň zähmet rugsadyndadygy, gulluk saparyndadygy, kesellidigi ýa-da başga sebäplere görä ýygnaga gatnaşyp bilmedik halatynda hem berjaý edilmelidir. Eger kärdeşler arkalaşygy guramasynyň agzalarynyň käbiri işden çykandyklary ýa-da başga sebäplere görä onuň düzüminden çykan bolsalar, onda täze saýlawlar geçirilýänçä, kärdeşler arkalaşygy guramasynyň ýygnagy onuň

düzüminde galan agzalarynyň ýarysyndan köpüsi gatnaşan ýagdaýynda kanuny güýji bardyr.

Kärdeşler arkalaşygy guramasy ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli guramasy zähmet şertnamasyny ýatyrmak hukugyna eýe bolan wezipeli adamyň ýazmaça teklipnamasynyň gelen gününden başlap, 10 gün möhletde işgär bilen zähmet gatnaşyklary bes etmek üçin ylalaşyk meselesi boýunça kabul edilen karar hakynda iş berijä ýazmaça görnüşde habar bermelidir.

Işgär bilen zähmet gatnaşyklaryny bes etmäge razylyk berlendigi hakynda kärdeşler arkalaşygy guramasy ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli guramasy tarapyndan kararyň kabul edilen gününden başlap, iş berijiniň bir aýdan gijä galman zähmet şertnamasyny ýatyrmaga haklydygyna kazyýetler üns bermelidirler.

12. Kärhananyň ýatyrylandygy ýa-da iş beriji – fiziki şahs tarapyndan iş bes edilendigi sebäpli zähmet şertnamasy ýatyrylan işgärleriň jedellerini çözenlerinde, kazyýetler kärhananyň ýatyrylandygyny ýa-da iş beriji – fiziki şahs tarapyndan işiň bes edilendigini, işgär bilen şertnamany ýatyrmaklygy düzgünleşdirýän kanunçylygyň kadalarynyň iş beriji tarapyndan berjaý edilendigini anyklamaga borçludyrlar.

13. Işgärleriň sanynyň ýa-da wezipe sanawynyň gysgaldylmagy sebäpli, şol sanda önümçiligiň tehnologiýasyndaky, zähmeti guramakdaky üýtgetmeler, işleriň möçberleriniň gysgaldylmagy, işleriň häsiýetiniň üýtgedilmegi bilen baglanyşykly zähmet şertnamasyny ýatyrmak baradaky jedellere seredilende, has ýokary hünärli we zähmet öndürijilikli işgärlere işde galmak üçin artykmaç hukuk berilýändigini we Kanunyň şol talabynyň iş beriji tarapyndan berjaý edilendigini kazyýetler anyklamalydyrlar.

Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 42-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 1-nji we 2-nji bentleri esasynda zähmet şertnamasy ýatyrylanda, iş berijiniň azyndan iki aýdan gijä galman, özüniň zähmet şertnamasyny bes etmek meýli hakynda işgäri ýazmaça (gol çekdirip) duýdurandygy, işgärleriň geljekki işden boşadylmagy hakyndaky maglumaty kärdeşler arkalaşygyna ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli guramasyna iberendigi we işgäriň ýaşyny, jynsyny, kärini, hünärini we zähmet hakynyň möçberini görkezmek bilen işden boşadyljak her bir işgär hakyndaky maglumatlary iki aýdan gijä galman, iş bilen üpjün ediji ýerli edaranyň (gullugyň) dykgatyna ýetirendigi hem barlanmaga degişlidir.

Işgäre zähmet şertnamasynyň ýatyryljakdygy barada öňünden duýdurmak möhleti berjaý edilmedik halatynda, eger ol başga esaslar boýunça işine dikeldilmäge degişli däl bolsa, öňünden duýdurylmak möhletini onuň işlän wagtyna goşmak bilen işden çykarmaklygyň senesi üýtgedilmäge degişlidir.

Şu görnüşli işler babatda subutnama hökmünde işgäriň işe kabul edilendigi we işden çykarylandygy, kärhananyň ýatyrylandygy, işgärleriň sanynyň ýa-da wezipe sanawynyň gysgaldylýandygy baradaky resminamalaryň göçürmeleri, iş beriji tarapyndan zähmet şertnamasyny ýatyrmak meýli hakynda işgäriň ýazmaça iki aý öňünden duýdurylandygy, oňa başga boş ýeriň hödür edilendigi baradaky ykrarnamalaryň göçürmeleri, işgäriň işden boşadyljakdygy barada duýdurylan we işden boşadylýan döwründäki işlän bölüminiň wezipe sanawy, işgäriň zähmet haky baradaky kepilnama talap edilip alynmaga degişlidir.

14. Işgäriň ýeterlik hünäriniň ýokdugy we onuň eýeleýän wezipesine laýyk gelmeýändigi hakynda hünär synagy topary tarapyndan çözgüt çykarylan işgär bilen zähmet şertnamasy iş beriji tarapyndan Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 42-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 3-nji bendine laýyklykda ýatyrylyp bilinýändigini kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Hünär synagy topary azyndan bäş adamdan ýa-da agzalaryň başga täk sanyndan durýar. Hünär synagy toparynyň ygtyýarlyklarynyň möhleti iş berijiniň buýrugy bilen kesgitlenilýär.

15. Kärhananyň eýesi çalşan mahalynda, onuň täze eýesi özünde eýeçilik hukuklarynyň ýüze çykan gününden başlap üç aýdan gijä galman, Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 42-nji maddsynyň 1-nji böleginiň 4-nji bendi esasynda diňe kärhananyň ýolbaşçysy, onuň orunbasarlary we baş hasapçysy bilen zähmet şertnamasyny ýatyrmak hukugyna eýedigine, kärhananyň eýesiniň çalşylmagy kärhananyň beýleki işgärler bilen zähmet şertnamasyny ýatyrmaga esas däldigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

16. Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 42-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 6-njy bendi esasynda zähmet şertnamasy ýatyrylan işgärleriň hak isleglerine seredenlerinde, kazyýetler şol esas boýunça zähmet düzgün-tertibini bozandygy üçin öň düzgün-nyzam temmi çäreleri ulanylyp, gaýtadan ony bozan işgärler bilen zähmet şertnamasyny ýatyryp bolýandygyny göz öňünde tutmalydyrlar.

Kazyýetler, düzgün-nyzam temmisiniň ulanylmagyna sebäp bolan düzgün bozulmanyň işgär tarapyndan edilendigini, bu çäreleri ulanmagyň tertibiniň berjaý edilip, olaryň öz güýjüni ýitirendigini ýa-da ýitirmändigini barlamaga borçludyr.

Türkmenistanyň Zähmet kodeksinde esasy, goşmaça tölegli, durmuş, zähmet haky tölenilmeýän rugsatlaryň göz öňünde tutulandygyny we işgäri rugsatda döwri yzyna işe çagyrmaklyga diňe işgäriň ýazmaça razylygy bilen ýol berilýändigini, şonuň üçin hem işgäriň zähmet rugsady gutarmazyndan öň işe çykmak baradaky iş berijiniň buýrugyny ýerine ýetirmekden ýüz döndürmegine zähmet düzgün-nyzamynyň bozulmasy hökmünde seredilmäge degişli däldigini kazyýetlere düşündirmeli.

Şonuň ýaly-da, Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 173-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 3-nji bendine we şol Kodeksiň 174-nji maddasynyň 8-nji bendine laýyklykda, işgäriň ýa-da beýleki adamlaryň zähmeti goramagyň talaplarynyň bozulmagy netijesinde ömrüne we saglygyna zyýan ýetirjek howp aradan aýrylýança işleriň ýerine ýetirilmezligi, şol sanda zähmet şertnamasynda göz öňünde tutulmadyk zyýanly we (ýa-da) howply (aýratyn zyýanly we (ýa-da) aýratyn howply) zähmet şertleri bolan işleri ýerine ýetirmekden işgäriň boýun gaçyrmagy onuň düzgün-nyzam jogapkärçiligine çekilmegine eltmeýändigini kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

Düzgün-nyzam temmisiniň gös-göni etmiş ýüze çykandan soň bir aýdan gijä goýman, ýöne şol etmiş edilenden alty aý geçmedik bolsa, işgäriň kesel bolan wagtyny ýa-da onuň zähmet rugsadynda bolan wagtyny hasaba almazdan, derňewiň netijeleri, maliýe-hojalyk işiniň barlagynyň ýa-da auditor barlagynyň netijeleri boýunça onuň amal edilen gününden iki ýyldan gijä goýman berlip bilinýändigine kazyýetler üns bermelidir.

Işgär tarapyndan zähmet düzgün-nyzamynyň bozulmagy üçin iş berijiniň zähmet şertnamasyny ýatyrmagyna düzgün-nyzam temmilerini bermek üçin bellenilen möhletler geçenden soň ýol berilmeýär.

Düzgün-nyzam temmisi hakynda buýruk, karar delillerini görkezmek bilen işgäre üç iş gününiň dowamynda gol çekdirilip mälim edilmedik ýagdaýynda işgäriň düzgün-nyzam temmisi ýok hasap edilmäge degişlidir. Düzgün-nyzam temmisi hakynda buýruk, karar bilen tanyşmakdan ýüz öwren işgäre, oňa gatnaşan şaýatlary görkezmek arkaly nama bilen resmileşdirilýär. Şeýle halatda işgär düzgün-nyzam temmisiniň ulanylandygy hakyndaky buýruk, karar bilen tanyşdyrylan hasap edilýär.

Düzgün-nyzam temmisine Türkmenistanyň Zähmet kodeksinde we Türkmenistanyň beýleki kanunçylyk namalary tarapyndan bellenilen tertipde şikaýat edilip bilner. Kazyýetler zähmet jedellerine seredenlerinde, edilen etmişiň agyrlygyny, onuň amala aşyrylan ýagdaýlaryny, işgäriň ozalky tertibini, onuň zähmete bolan garaýşyny, şeýle hem eden etmişiniň agyrlygynyň düzgün-nyzam temmisine laýyklygyny göz öňünde tutmaga borçludyrlar. Düzgün-nyzam temmisi edilen etmişiň agyrlygyna laýyk gelmeýär diýip hasap eden mahalynda kazyýet düzgün-nyzam temmisini ulanmak hakyndaky buýrugy ýatyrmalydyr.

17. Türkmenistanyň Zähmet Kodeksiniň 42-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 7-nji bendi esasynda zähmet şertnamasy ýatyrylan adamlaryň jedellerini çözenlerinde, kazyýetler işgär esassyz sebäplere görä bütin iş gününiň dowamynda ýa-da iş gününiň dowamynda yzygiderli, ýa jemi boýunça üç sagatdan köp wagtlap işde bolmadyk halatynda, görkezilen esas boýunça işden çykaryp bolýandygyny göz öňünde tutmalydyrlar.

Işgäriň özbaşdak, iş berijiden rugsatsyz zähmet rugsadyna gitmegi, iş wagtyndan artyk işläni üçin berilýän boş günleri (otguly) özbaşdak almagy, möhletli zähmet şertnamasynyň wagty gutarmanka işi taşlamagy, ýokary okuw mekdeplerini we orta hünär bilimi edaralaryny tamamlandan soň işe iberilen ýa-da täze hünär boýunça okuw geçen we kesgitlenen möhletiň dowamynda önümçilikde işlemäge borçly bolan adam tarapyndan iş ýeriniň taşlanmagy işden sebäpsiz galan diýlip hasaplanyp bilner.

18. Türkmenistanyň Zähmet Kodeksiniň 42-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 8-nji bendi esasynda zähmet şertnamasynyň ýatyrylmagy bilen baglanyşykly jedelleri çözenlerinde, işgäriň iş wagty zähmet borçlaryny ýerine ýetirmeli ýerlerinde serhoş, neşe çeken ýa-da kelläni sämediji gaýry ýagdaýda peýda bolanynda işden boşadylyp bilinýändigini kazyýetler nazara almalydyrlar. Şonda işgäriň işden çetleşdirilendiginiň täsiri ýokdur. Iş gününiň wagty kadalaşdyrylmadyk işgär üçin, umumy kesgitlenen dowamlylykdan artyk wagt işde bolmagy, iş wagty bolup durýar.

Işgäriň serhoş, neşe çeken ýa-da kelläni sämediji gaýry ýagdaýyndadygy lukmanlaryň netijesi bilen, şonuň ýaly-da subutnamalaryň beýleki görnüşleri, şol sanda şaýatlaryň görkezmeleri bilen tassyklanylyp bilner we olara kazyýetler degişli baha bermelidirler.

19. Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 42-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 9-njy bendi esasynda zähmet şertnamasynyň ýatyrylmagy bilen baglanyşykly

jedeller çözülende, kazyýetler iş beriji tarapyndan işgäriň hereket edýän kanunçylyga degişlilikde aýan eden syrynyň döwlet, gulluk täjirçilik we beýleki kanun esasynda goralýan syrlara degişlidigini, şol syrlaryň işgäre öz zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen aýan bolandygyny, işgäriň şeýle syrlary aýan etmejekdigi barada borçlanandygyny anyklamalydyrlar.

20. Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 42-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 10-njy bendi esasynda zähmet şertnamasynyň ýatyrylmagy bilen baglanyşykly jedellere seredenlerinde, kazyýetler işgäriň iş ýerinde başga biriniň emlägini ogurlandygyny (şol sanda ownuk ogurlyk), eýeländigini ýa-da harçlandygyny, ony bilkastlaýyn dargadandygyny ýa-da zaýalandygyny tassyklaýan kazyýetiň kanuny güýjüne giren hökümi ýa-da administratiw temmisini bermek ygtyýarlygyna girýän edaranyň karary bolan ýagdaýynda zähmet şertnamasynyň ýatyrylyp bilinýändigini göz öňünde tutmalydyrlar.

Başga biriniň emlägi diýlip, iş berijä, başga işgärlere, şeýle hem şol kärhananyň işgäri bolmadyk beýleki adamlara degişli bolan emläklere düşünilmelidir. Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 42-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 10-njy bendi esasynda düzgün-nyzam tertibinde çäre görmek üçin 1 aýlyk möhletiň kazyýetiň höküminiň ýa-da administratiw temmisini bermek ygtyýarlygyna girýän edaranyň kararynyň kanuny güýjüne giren gününden hasaplanyp başlanýandygyny kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

21. Işgär tarapyndan zähmeti goramak baradaky talaplaryň bozulmagy agyr netijelere, ýagny önümçilikde betbagtçylykly hadysanyň, heläkçiligiň, betbagtçylygyň döremegine getiren bolsa ýa-da şeýle netijeleriň döremegine görnetin hakyky howp döretse Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 42-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 11-nji bendi esasynda zähmet şertnamasy ýatyrylmaga degişlidir.

22. Eger-de zähmet şertnamasy baglaşylanda işgär tarapyndan iş berijä galp resminamalar ýa-da görnetin ýalan maglumatlar berlen bolsa, onda zähmet şertnamasynyň Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 42-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 12-nji bendi esasynda ýatyrylmaga degişlidigine kazyýetler üns bermelidirler.

23. Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 43-nji maddasynda işgärleriň aýry-aýry toparlary bilen zähmet şertnamasyny bes etmegiň goşmaça esaslary görkezilen. Kodeksiň agzalan maddasynyň 1-nji bendi esasynda öz tertipnamalaryna laýyklykda düzgün-nyzam jogapkärçiligini çekýän kärhananyň (düzüm birliginiň) ýolbaşçysynyň, onuň orunbasarlarynyň we işgärleriniň zähmet borçlaryny bir gezek gödek bozandyklary üçin zähmet şertnamasy ýatyrylyp bilinýär. Kärhananyň ýolbaşçysynyň, onuň orunbasarlarynyň we işgärleriniň zähmet borçlaryny gödek bozan diýlip, olaryň öz üstlerine zähmet şertnamasy esasynda ýüklenen borçlaryny ýerine ýetirmezlikleri netijesinde kärhananyň emlägine ýa-da işgärleriniň saglygyna zyýan ýetirip boljak hereketlerine düşünilmelidir.

24. Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 43-nji maddasynyň 2-nji bendi esasynda diňe kärhananyň (düzüm birliginiň) ýolbaşçysynyň, onuň orunbasarlarynyň we baş hasapçysynyň esassyz karar kabul etmegi emlägi saklamagyň bozulmagyna, onuň bikanun peýdalanylmagyna ýa-da kärhana başga

zyýan (zelel) ýetirilmegine getiren ýagdaýynda olar bilen zähmet şertnamasyny ýatyryp bolýandygyna kazyýetler üns bermelidirler. Kararyň esaslydygy baradaky meseläni çözenlerinde, ýaramaz netijäniň hut şol kabul edilen kararyň netijesinde ýüze çykandygyny, eger-de başga karar kabul edilende şol netijelerden sypmak mümkinçiliginiň bolandygyny kazyýetler anyklamalydyrlar.

25. Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 43-nji maddasynyň 3-nji bendi esasynda, dine pul ýa-da haryt gymmatlyklaryna gös-göni hyzmat edýän işgär tarapyndan bikanun hereketler amala aşyrlan ýagdaýynda (kabul etmek, gorap saklamak, daşamak, paýlamak) we şol hereketler iş berijä bildiren ynamy ýitiren diýmäge esas berýän bolsa, işgär bilen zähmet şertnamasy ýatyrylyp bilner. Şunuň ýaly hereketlere: hyzmatlar üçin töleg pulunyň degişli resminamalary bolmazdan alynmagy, harytlaryň gös-göni ammardan, kömekçi jaýlardan satylmagy, agramynyň kem ölçenilmegi, pulunyň kem berilmegi, harytlaryň alyjylardan gizlenilmegi, spirtli içgileri satmagyň we düzümi neşe maddaly derman serişdelerini goýbermegiň düzgünleriniň bozulmagy we ş.m mysal bolup biler. Ogurlygyň edilendigi, para alnandygy ýa-da başga betnebislikli hukuk bozulmalaryň edilendigi kanunda göz öňünde tutulan halatlarda anyklanylan bolsa, eger bu hereketler işgärleriň öz işi bilen baglanyşykly bolmadyk ýagdaýlarynda hem şol işgärler bildirilen ynamy ýitiren diýen esas boýunça olar bilen zähmet şertnamasy ýatyrylyp bilner.

26. Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 43-nji maddasynyň 4-nji bendi esasynda, terbiýeçilik wezipelerini ýerine ýetirýän işgär tarapyndan onuň bu işi dowam etdirmegi bilen bir ýere sygyşmaýan ahlaksyz etmişi amala aşyrandygy sebäpli zähmet şertnamasy ýatyrylan işgärleriň işe dikeltmek baradaky hak isleglerini çözenlerinde, kazyýetler diňe terbiýeçilik işleri bilen meşgul bolýan işgärleriň, mysal üçin, mekdepleriň we beýleki okuw jaýlarynyň mugallymlarynyň, önümçilik okuwlarynyň ussalarynyň, çagalar edaralarynyň terbiýeçileriniň we beýlekileriň, şu esas boýunça olar bilen zähmet şertnamasyny ýatyrmaklyga ýol berilýändiginden ugur almalydyrlar.

27. Işgäriň özüne bildirilen ynamy ýitirmegi, şonuň ýaly hem terbiýeçilik işlerini ýerine ýetirýän işgäriň ahlaksyz etmişi edendigi sebäpli (Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 43-nji maddasynyň 3-nji we 4-nji bentleri) zähmet şertnamasynyň bozulmagy Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 164-nji maddasyna laýyklykda, kanunda kesgitlenen möhletlerde ulanylmagy şertlendirilen düzgün-nyzam temmi çäresi bolup durmaýar. Şonuň bilen birlikde, kazyýetler görkezilen esaslar zähmet şertnamasy ýatyrylan işgärleriň işe dikeltmek baradaky işlerine seredenlerinde, işgäriň ahlaksyz etmişi we iş berijiniň bildiren ynamyny ýitirmek bilen bagly günäli hekeretleri eden pursatyndan soň geçen wagty, şondan soň özüni alyp barşy we jedeliň dogry çözülmegine täsir edýän beýleki anyk ýagdaýlary nazara almalydyrlar.

28. Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 49-njy maddasyna laýyklykda, aşakdaky goşmaça esaslar boýunça ýagny: kazyýetiň anyk adamy belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek baradaky hökümi ýerine ýetirilmän, zähmet şertnamasy baglaşylanda, lukmançylyk netijenamasyna laýyklykda saglyk ýagdaýyna görä bu adama bolmaýan işi ýerine

ýetirmek üçin zähmet şertnamasy baglaşylanda, eger Türkmenistanyň kanunlarynda ýa-da beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna görä işiň ýerine ýetirilmegi ýörite bilimleri we endikleri talap edýän bolsa, bilimi ýa-da hünäri hakynda degişli resminamalary ýok bolan ýagdaýynda, şeýle-de Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki halatlarda hem zähmet şertnamasyny ýatyryp bolýandygyna kazyýetler üns bermelidirler.

29. Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 372-nji maddasyna laýyklykda işgärden zähmet jedelleri baradaky topara gowşan arza hökmany suratda bellige alnyp, şahsy zähmet jedeline şol işgäriň arza beren gününden beýläk on senenama günüň içinde seredilmelidir. Eger şahsy zähmet jedeline topar tarapyndan on günüň içinde seredilmedik bolsa, işgär zähmet jedelini kazyýetiň seretmegine geçirmäge haklydyr. Şeýle hem işgär ýa-da iş beriji çözgüdiň nusgasynyň gowşurylan gününden beýläk on günüň içinde zähmet jedelleri baradaky toparyň çözgüdi babatda kazyýete şikaýat edip bilýändir. Bellenilen möhlet esasly sebäplere görä geçirilen bolsa, kazyýet bu möhleti dikeldip hem-de şahsy zähmet jedeline düýp manysy boýunça garap biler.

30. Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 381-nji maddasyna laýyklykda kazyýetlerde gös-göni işgäriň–zähmet şertnamasynyň bes edilmeginiň nämä esaslanýandygyna garamazdan işe dikeltmek, zähmet şertnamasynyň bes edilen senesini we bes edilmegiň esaslandyrylyş beýanyny üýtgetmek, mejbury ýagdaýda işe gelinmedik wagtynyň ýa-da pes hak tölenilýän işiň ýerine ýetirilen wagtynyň hakyny tölemek, zähmet borçlaryny ýerine ýetirende onuň saglygyna ýa-da emlägine ýetirilen zyýany (zeleli) iş berijiniň öwezini doldurmak, işe kabul etmekden boýun gaçyrmak, iş berijiniň–maddy zyýany işgäriň tölemegi hakyndaky arzalary boýunça her bir aýratyn zähmet jedellerine seredilýär. Şeýle-de işgäriň işleýän ýerinde kärdeşler arkalaşygy guramasy ýa-da zähmet jedelleri baradaky topar döredilmedik halatynda hem zähmet jedellerine gös-göni kazyýetlerde seredilýär.

31. Işe dikeltmek hakyndaky jedeller boýunça – işgäre onuň bilen zähmet şertnamasynyň bes edilýänligi hakyndaky buýrugyň nusgasynyň işgäre gowşurylan gününden beýläk – bir aýyň;

işgäriň iş berijä ýetiren maddy zyýanynyň öwezini tölemegi hakyndaky jedeller boýunça – iş berijiniň ýetirilen zyýanyň üstüni açan gününden beýläk – bir ýylyň;

beýleki zähmet jedelleri boýunça – işgäriň öz hukuklarynyň bozulandygyny bilen ýa-da bilmeli bolan gününden beýläk – üç aýyň dowamynda kazyýete ýüz tutmagyň möhletiniň bellenendigini, işgäriň saglygyna ýetirilen zeleliň öwezini töletmek hakyndaky jedeller boýunça ýüz tutmagyň möhletiniň bellenilmändigini kazyýetlere düşündirmeli.

32. Eger-de ýokarda bellenilen möhletleriň esasly sebäplere görä berjaý edilmedik halatynda, kazyýetler işgäriň ýa-da onuň ygtyýarly edilen wekiliniň arzasy esasynda şol möhleti dikeldip biler. Hak isleýjiniň kesellidigi, agyr keselläp ýatan maşgala agzasyna ideg edendigi, gulluk iş saparynda bolandygy, tebigy hadysalar sebäpli kazyýete ýüz tutmak möhletini geçirmesini kazyýet esasly sebäp diýip hasap edip biler. Eger-de ýüz tutmak möhleti esassyz sebäbe görä geçirilen

hasaplan ýagdaýynda, kazyýetler diňe şol esas boýunça hem hak islegi kanagatlandyrman galdyrmak barada netijä gelip biler.

33. Işe dikeltmek baradaky hak isleginden ýüz döndermäni kabul etmek ýa-da şonuň ýaly hak islegi boýunça taraplaryň barlyşyk ylalaşygyny tassyklamak baradaky mesele çözülende bu hereketleriň kanuna ters gelmeıändigini, şeýle-de döwletiň bähbitleriniň, taraplaryň hukuklarynyň we kanun tarapyndan goralýan bähbitleriniň bozulmaýandygyny kazyýetler anyklamalydyrlar.

34**.** Işgär kanuny esas bolmazdan ýa-da bellenilen tertibiň bozulmagy bilen işden çykarylan halatynda öňki işine dikeldilmäge degişlidir. Eger kärhananyň, edaranyň, guramanyň öz işini bes edendigi sebäpli ony ozalky işine dikeltmek mümkin bolmasa, kazyýet işden çykarmaklygy nädogry bilip, ýatyryjy topary (likwidasion komissiýany) ýa-da kärhanany, edarany, guramany ýatyrmak baradaky çözgüdi kabul eden organy işgäre onuň mejbury ýagdaýda işsiz gezen wagty üçin zähmet hakyny, ýöne bir ýyldan köp bolmadyk wagty üçin, tölemeklige borçly edip, şol bir wagtda işgäri kärhananyň, edaranyň, guramanyň ýatyrylandygy sebäpli Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 42-nji maddasynyň 1-nji bendi boýunça işden boşadylan diýip netijä gelip bilýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

35. Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 48-nji maddasynyň 1-nji böleginde görkezilen ýagdaýlardan başga ýagdaýlarda eger işgär şertnamada kesgitlenen möhletden öň bikanun işden çykarylan bolsa, kazyýetler işgäri öňki işine dikeltmelidirler, eger işe kazyýetde seredilýän döwründe işgär bilen şertnamada kesgitlenen möhlet tamamlanan bolsa, onda işgäriň işden çykarylmagyny bikanun hasap edip, onuň işden çykarylan senesini üýtgedip, işden çykarylmagynyň kesgitlemesini (alamatyny) zähmet şertnamasynyň möhletiniň tamamlanmagy bilen çalşyp bilýändir.

36. Kazyýet, Türkmenistanyň Zähmet Kodeksiniň 385-nji maddasyna laýyklykda işe dikeltmek we mejbury ýagdaýda işe gelinmedik wagt üçin işgäre hak tölemek baradaky talaplara bir kazyýet mejlisinde seredýär. Eger hak islegi diňe işden bikanun boşadylan ýa-da başga pes hak tölenilýän işe geçirilen işgäri işe dikeltmek hakynda bildirilen bolsa, onda kazyýet hak isleýjä ortaça zähmet hakyny ýa-da pes hak tölenilýän işi ýerine ýetiren wagty üçin zähmet hakyndaky tapawudy töletdirmek barada talap bildirmäge hukugynyň bardygyny düşündirmelidir.

Hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, mejbury biderek geçirlen wagt üçin tölenilmeli ortaça zähmet gazanjy işiň soňky iki kalendar aýynyň hasabyndan kesgitlenilýär. Şol kärhanada (guramada) iki aýdan az wagt işlän adamlaryň ortaça zähmet gazanjy hakykat ýüzünde işlenen wagtyň hasabyndan kesgitlenilmelidir.

Eger kazyýet, jogap berijiniň tarapyndan üçünji tarap hökmünde işe gatnaşdyrylan wezipeli adamynyň üstüne biderek geçirilen wagt üçin ýa-da pes hak tölenilýän işiň ýerine ýetirilen zyýany tölemek borjuny ýüklemek mümkin däl diýen netijä gelse, onda ol barada çözgütde degişli delilleri getirmelidir.

37. Işden boşatmagyň sebäpleriniň kesgitlenilişi nädogry ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyk gelmeýär diýlip hasap edilen halatynda, kazyýetler ony üýtgetmäge we kararda Türkmenistanyň kanunçylygynyň kesgitlenişine takyk laýyklykda we Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň degişli maddasyna salgylanyp işden boşatmagyň sebäbini görkezmelidirler. Eger zähmet

depderçedäki işden boşatmagyň nädogry ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyk gelmeýän kesgitlemesi işgäriň täze işe girmegine päsgelçilik döretse, onda kazyýetler şol bir wagtda mejbury ýagdaýda işe gelmedik wagt üçin oňa ortaça zähmet hakyny tölemek hakynda çözgüt kabul etmelidirler, ýöne onuň tölegi bir ýyldan köp bolmaly däldir.

38. Tabynlyk tertibinde ýokarda durýan edaranyň çözgüdi boýunça işgär öňki işine dikeldilen halatynda işden boşadylan gününden başlap mejbury ýagdaýda işe gelmedik wagt üçin ýa-da pes hak tölenilýän işi ýerine ýetiren wagty üçin töleg geçirilmelidir, ýöne onuň tölegi bir ýyldan köp bolmaly däldir.

39. Kazyýetler işgäri işden bikanun boşatmakda ýa-da başga pes hak tölenilýän işe geçirmekde günäkär bolan wezipeli adama mejbury ýagdaýda işden galynan ýa-da pes zähmet hakly işi ýerine ýetirilen wagtyň dowamynda iş hakyny tölemek bilen kärhana ýetirilen zyýanyň öwezini tölemek borjuny ýüklemelidirler. Eger işden boşatmak ýa-da başga işe geçirmek işi Türkmenistanyň kanunçylygynyň bozulmagy bilen amala aşyrylan bolsa ýa-da eger iş beriji kazyýetiň işe dikeltmek hakyndaky çözgüdiniň ýerine ýetirilmegini bökdän halatynda hem şeýle borç ýüklenilmelidir. Ýetirilen zyýanyň öwezini tölemegiň möçberi wezipeli adamyň üç aýlyk zähmet hakyndan artyk bolup bilmez.

40. Kanuny göz-görtele bozmak diýlip, hususan-da iş berijiniň başlangyjy bilen Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 45-nji maddasynda göz öňünde tutulan halatlarda kärdeşler arkalaşygy guramasynyň razylygy alynmazdan işgär bilen şertnamanyň ýatyrylmagyna; Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 241-nji maddasynyň 3-nji bölegine göz öňünde tutulan halatlarda göwreli aýallar we üç ýaşa çenli çagasy (on sekiz ýaşa çenli maýyp çagasy) bolan aýallar bilen iş berijiniň başlangyjy boýunça zähmet şertnamasynyň ýatyrylmagyna; kärdeşler arkalaşygy guramasynyň we kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işleri baradaky toparyň razylygy alynmazdan iş berijiniň başlangyjy boýunça on sekiz ýaşyna ýetmedik işgärleriň işden boşadylmagyna (Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 257-nji maddasy); işgäriň razylygy alynmazdan, onuň hemişelik başga işe geçirilmegine we beýlekilere düşünilýär.

41. Işgär bilen şertnamany ýatyrmaga ýa-da başga işe geçirmäge buýruk beren wezipeli adamyny jogap berijiniň tarapynda üçünji tarap hökmünde işe gatnaşdyrmak baradaky mesele (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 126-njy maddasy), düzgün boýunça kazy tarapyndan iş kazyýet seljerişine taýýarlanýan döwründe çözülmelidir, ýöne bu mesele işe kazyýet mejlisinde seredilýän döwründe hem çözülip bilner. Wezipeli adamynyň şunuň ýaly ýagdaýda işe gatnaşdyrylmagy ony iş boýunça jogap berijiniň wekili hökmünde çykyş etmek hukugyndan mahrum etmeýär.

42. Degişli tertipde kazyýete gelmek barada habar berlen wezipeli adam esassyz sebäplere görä kazyýet mejlisine gelmedik halatynda ýa-da ol tarapyndan gelmezligiň sebäpleri hakynda maglumatlar berilmedik bolsa, kazyýetler şol adamynyň gatnaşmazlygynda işe seredip bilerler. (Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 192-nji maddasy).

43. Iş berijiniň işgäri işden bikanun çetleşdirmegi, işden çykarmagy ýa-da başga işe geçirmegi, zähmet jedellerine seretmek boýunça edaranyň, kärdeşler

arkalaşygy guramasynyň, hukuk gullugynyň ýa-da kazyýetiň işgäri öňki işine dikeltmek hakyndaky kararyny ýerine ýetirmekden ýüz öwürmegi ýa-da ony öz wagtynda ýerine ýetirmezligi, işgäre zähmet depderçesini gijikdirip bermegi, zähmet depderçesine nädogry ýa-da işgäriň işden çykarylyşynyň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyk gelmeýän kesgitlemesiniň girizilmegi netijesinde, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygynda we köpçülikleýin şertnamada (ylalaşykda) göz öňünde tutulan beýleki ýagdaýlarda işgäriň mejbury biderek geçirilen wagt üçin onuň almadyk zähmet hakyny tölemäge borçludyr.

Türkmenistanyň ZK-nyň 47-nji maddasynyň 1-nji böleginde göz öňünde tutulan ýagdaýlardan başga taraplaryň erkine bagly bolmadyk ýagdaýlaryň ýüze çykmagy sebäpli işgär zähmet borçlaryny ýerine ýetirip bilmedik halatynda, onuň zähmet borçlaryny ýerine ýetirip bilmedik döwründe zähmet gatnaşyklary dowam etdirilen hasap edilýändigini we şeýle ýagdaýlarda zähmet hakynyň we beýleki tölegleriň tölenilmegi Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýandygyny we bu kanunyň talaplarynyň 2020-nji ýylyň 1-nji martyndan soňky ýagdaýlara täsir edýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

44. Ozalky işine dikeldilen ýa-da onuň işden çykarylmagy nädogry diýlip bilnen işgäriň peýdasyna ortaça gazanjy alnyp berlende, oňa işden çykanynda berlen kömek puly hem hasaba alynmaga degişlidir, şeýle hem başga guramada işläni üçin zähmet haky we tölenilýän mejbury ýagdaýda işe gelmedik möhletiniň çäginde wagtlaýyn zähmete ukypsyzlygy boýunça hak isleýjä tölenen kömek puly hem hasaba alynmaga degişlidir.

Şeýle-de işgäriň haýyşy boýunça kazyýet (Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 56-njy maddasynyň 3-nji bölegi) ony işe dikeltmegiň ýerine onuň üç aýlyk ortaça zähmet hakyndan az bolmadyk möçberde goşmaça öwez tölegini (Türkmenistanyň Zähmet Kodeksiniň 56-njy maddasynyň 2-nji böleginde göz öňünde tutulandan başga) iş berijiden işgäriň peýdasyna tutup alyp biler.

45. Işden bikanun boşadylan ýa-da başga pes hak tölenilýän işe geçirilen işgäri işe dikeltmek hakynda kazyýet tarapyndan kabul eden çözgüt haýal edilmän ýerine ýetirilmäge degişlidir. Eger iş beriji işden bikanun boşadylan ýa-da başga pes hak tölenilýän işe geçirlen işgäri işine dikeltmek hakynda kazyýetiň kararyny ýerine ýetirmegi gaýra goýan bolsa, onda çözgüdiň çykarylan gününden onuň ýerine ýetirilen gününe çenli bökdelen wagt üçin işgäre ortaça zähmet haky ýa-da zähmet hakyndaky tapawudy alnyp berilmelidigine kazyýetler üns bermelidirler.

46. Kazyýetler şu görnüşli işlere seredenlerinde zähmet gatnaşyklarynyň çygrynda kanunçylygy berkitmeklige, zähmet jedelleriniň döremegine getirýän şertleri aradan aýyrmaklyga ýardam bermelidirler we kazyýet mejlisleriniń terbiýeçilik täsir ediş mümkinçiliklerini gińden peýdalanmalydyrlar, zerur halatlarda işlere kärhanalarda, edaralarda, guramalarda göçme kazyýet mejlislerinde seretmelidirler, şeýle hem ýüze çykarylan zähmet kanunçylygynyň bozulmalaryna sebäp bolan we şert döreden ýagdaýlary aradan aýyrmak üçin degişli öňüni alyş çärelerini geçirmelidirler.

47. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň raýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri zähmet jedelleri barada seredilen işleri öwrenip, kazyýet iş tejribesini

umumylaşdyryp durmalydyrlar we goýberilýän ýalňyşlyklary ýüze çykaryp, olary düzetmek boýunça öz wagtynda çäreleri görmelidirler, şeýle hem aşakda durýan kazyýetlere amaly kömek bermek işini yzygiderli alyp barmalydyrlar.

48. Şu Kararyň kabul edilmegi bilen "Zähmet şertnamasyny baglaşmagy, üýtgetmegi we ýatyrmagy düzgünleşdirýän kanunçylygyň kazyýetler tarapyndan ulanylyş iş ýörelgeleri" hakyndaky Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumynyň 1996-njy ýylyň 18-nji dekabryndaky 7 belgili kararyny güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy Ý.Ýazmyradow

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy M.Çaryýew

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 8

2010-njy ýylyň 18-nji dekabry Aşgabat şäheri

Ikinji basgançakly kazyýetde nägilelik şikaýatlar we teklipnamalar boýunça jenaýat işine seretmekligiň kazyýet iş tejribesi hakynda

(16.07.2016 ý. № 4; 18.12.2021 ý. № 12; 18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Nägilelik tertibinde jenaýat işlerine seredilende jenaýat iş ýörediş kanunçylygynyň birmeňzeş we dogry ulanylmagyny üpjün etmek hem-de kanunçylygyň ulanylmagy bilen bagly kazyýet iş tejribesinde ýüze çykýan soraglara ugrukdyryjy düşündirişleri bermek maksadyndan ugur alyp, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy

K A R A R E D Ý Ä R :

1. Jenaýat işine şikaýatlar we teklipnamalar esasynda seredilende, nägilelik önümçiligiň tertibini düzgünleşdirýän jenaýat iş ýörediş kanunynyň kadalaryny berk berjaý edip, hökümiň, kesgitnamanyň we kararyň kanunylygyny, esaslylygyny, adalatlylygyny işde bar bolan we goşmaça berlen maglumatlar esasynda barlamalydyklary barada ikinji basgançakly kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

2. Hökümi çykaran kazyýet oňa şikaýat etmek, teklipnama getirmek üçin bellenen möhlet geçenden soň, üç günüň dowamynda işi gowşan şikaýatlar, teklipnamalar we olara getirilen närazylyklar bilen bilelikde taraplara işiň nägilelik tertibinde serediljek gününi habar bermek bilen ikinji basgançakly kazyýete iberýär.

Iş gelenden soň, ikinji basgançakly kazyýetler şikaýat edilendigi ýa-da teklipnama getirilendigi hakynda iş kesilene, aklanana, adwokata, prokurora, jebir çekene, şeýle hem beýleki işe gatnaşyjylara olaryň haýsy biriniň bähbitleri aralýan bolsa, gelen şikaýatyň, teklipnamanyň göçürilen nusgasyny ýazmaça görnüşde närazylyklaryny bermek mümkinçilikleri düşündirilip iberilendigini, närazylyklaryny bildirmäge möhlet berlendigini, işiň serediljek güni barada habar edilendigini, şikaýat etmegiň, teklipnama getirmegiň möhleti geçirilen bolsa, ony dikeltmek meselesiniň çözülendigini, işe gatnaşyjylaryň kazyýet mejlisiniň teswirnamasyna getiren belliklerine seredilendigini barlamaga borçludyrlar. Kanunyň bu talaplary höküm çykaran kazyýet tarapyndan bozulan bolsa, eger işe gatnaşyjylary degişli resminamalar bilen ikinji basgançakly kazyýetde tanyşdyrmak mümkinçiligi ýok bolsa, onda nägilelik basgançakly kazyýet goýberilen kemçilikleri düzetmek üçin işi birinji basgançakly kazyýete gaýtarýar.

3. Işiň nägilelik tertibinde kazyýet mejlisinde serediljek ýeri we wagty hakynda öz wagtynda habarly edilen adamlaryň gelmezligi işiň seredilmegine päsgel berip bilmez. Kazyýet seljerişine gatnaşyjylara mejlisiň geçiriljek güni barada habar berilmezligi, adwokatyň ýa-da beýleki gatnaşyjylaryň işe seretmekligi gaýra goýmak baradaky esaslandyrylan haýyşnamasy, goşmaça maglumatlary talap edip almak zerurlygy we ş.m. ýagdaýlar ikinji basgançakly kazyýetlerde işe seretmekligi gaýra goýmaga esas bolup biler. Işe seretmekliginiň gaýra goýulýandygy barada işe gatnaşyjylara degişli tertipde habar bermäge ikinji basgançakly kazyýet borçludyr.

4. Jenaýat iş ýörediş kanunçylygynda deslapky nägilelik ýa-da hususy şikaýatlaryň we teklipnamalaryň getirilmeginiň göz öňünde tutulmandygyny kazyýetler nazara almalydyrlar. Şonuň üçin hem kazyýet mejlisine gatnaşyjylara kanunalaýyklykda öz wagtynda kazyýet çözgütleriniň nusgasy iberilen bolsa, teswirnama bilen tanyşmak islän işe gatnaşyjylar hem onuň bilen tanyşdyrylan bolsa, onda hiç bir anyk delil bilen esaslandyrylmadyk “deslapky” diýlip atlandyrylan nägilelik ýa-da hususy şikaýatlar we teklipnamalar kabul edilmeýär.

Höküm barada şikaýat eden, teklipnama getiren adam, kazyýetiň mejlisi başlanmazdan öň öz şikaýatyny, teklipnamasyny üýtgetmäge ýa-da täze deliller bilen onuň üstüni ýetirmäge haklydyr. Şonuň bilen birlikde döwlet aýyplaýjysynyň teklipnamany üýtgetmek ýa-da üstüni ýetirmek hakyndaky goşmaça teklipnamasynda, şonuň ýaly-da jebir çekeniň, onuň kanuny wekiliniň şikaýat etmek we teklipnama getirmek möhleti geçenden soň getiren goşmaça şikaýatynda, ilkinji teklipnamada ýa-da şikaýatda şeýle talap bildirilmedik bolsa, iş kesileniň ýagdaýyny ýaramazlaşdyrmak hakynda mesele goýulyp bilinmez.

Nägilelik tertibinde teklipnama getiren döwlet aýyplaýjysy, degişli etrap we etrap hukukly şäher prokurory ýa-da ýokarky prokuror işe ikinji basgançakly kazyýetiň mejlisinde seredilip başlanmazyndan öň teklipnamany nägilelik tertibinde şikaýat eden adam bolsa şikaýatyny yzyna almaga haklydyr.

5. Ikinji basgançakly kazyýet, hökümiň diňe şikaýat edilen ýa-da teklipnama getirilen böleginiň hem-de şikaýatyň ýa-da teklipnamanyň diňe bähbitleri aralýan iş kesilenler barada kanunylygyny, esaslylygyny, adalatlylygyny barlaýar. Işe seredilen wagty bikanun hökümi çykarmaga ýardam eden, iş kesilenleriň hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň bozulmalary ýüze çykarylan mahalynda, Türkmenistanyň JIÝK-nyň 444-nji maddasynyň talaplaryna laýyklykda, ikinji basgançakly kazyýet hökümiň şikaýat edilmedik, teklipnama getirilmedik bölegini hem-de şikaýat, teklipnama getirilmedik adamlar barada hökümi sökmäge ýa-da üýtgetmäge haklydyr.

Has agyr jenaýat hakyndaky kanuny ulanmak ýa-da has ýeňil jeza çäresiniň bellenendigi sebäpli hökümiň sökülmegine Türkmenistanyň JIÝK-nyň 462-nji maddasyna laýyklykda diňe prokuroryň teklipnamasy, jebir çekeniň ýa-da onuň wekiliniň şikaýaty bolan halatynda ýol berilýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

Haçanda iş boýunça birden köp iş kesilen geçip, işe nägilelik tertibinde diňe olaryň biriniň şikaýaty (ýa-da jebir çekeniň şikaýaty, prokuroryň teklipnamasy) esasynda seredilip, kazyýetiň höküminiň sökülmegine ýa-da üýtgedilmegine esas anyklanmadyk halatynda, ikinji basgançakly kazyýetiň kesgitnamasynda hökümiň

diňe oňa şikaýat eden iş kesilen barada üýtgedilmän galdyrylýandygy barada görkezilip, beýleki iş kesilenler barada işiň barlanandygy we hökümiň üýtgedilmän galdyrylýandygy hakynda görkezilmeginiň talap edilmeýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

6. Ikinji basgançakly kazyýete nägilelik tertibinde getirilen şikaýat ýa-da teklipnama bilen gowşan işe seredilen mahalynda taraplaryň haýyşy boýunça kazyýet (iş diňlenmäge taýýarlanylanda- kazy) kazyýet-psihiatriýa bilermenler seljermesini bellemäge, eger işde bar bolan maglumatlar boýunça geçirilmegi mümkin bolsa, başga bilermenler seljermesini bellemäge, iş kesileniň saglyk ýagdaýy, maşgala ýagdaýy we onuň ozalky iş kesilenlik aýyplary bilen baglanyşykly resminamalary talap edip almaga haklydyr.

Kazyýet mejlisiniň teswirnamasynda şaýatlaryň (jebir çekenleriň) görkezmelerini beýan etmekde dürli teswirlemeleri bermegiň mümkinçiligini döredýän nätakyklyklar bolan mahalynda, kazyýet taraplaryň haýyşy boýunça şol şaýady (jebir çekeni) sorag etmäge haklydyr. Şeýle ýagdaýda iş kesileniň kazyýetiň mejlisine gatnaşmagy hökmanydyr. Kazyýet Türkmenistanyň JIÝK-nyň 393-nji maddasynyň ikinji bölegine laýyklykda, şaýady (jebir çekeni) görnetin ýalan görkezme beren ýa-da görkezme bermekden ýüz dönderen ýagdaýynda jenaýat jogapkärçiligine çekiljekdigi hakynda duýdurmalydyr.

Şaýadyň (jebir çekeniň) görkezmeleri kätibiň gatnaşmagynda kazyýet kollegiýasynyň mejlis teswirnamasyna ýazylyp, subutnamalar hökmünde ulanylyp bilinýändigi barada kazyýetleriň ünsüni çekmeli. Kazyýet kollegiýasynyň mejlis teswirnamasy Türkmenistanyň JIÝK-nyň 121-nji maddasynyň talabyna laýyklykda ýöredilýär.

7. Nägilelik şikaýatyň ýa-da teklipnamanyň delillerine garamazdan, nägilelik basgançakly kazyýet iş kesileniň hereketleriniň maddalaşdyrylyşynyň dogrulygyny we höküm boýunça oňa bellenilen jeza çäresiniň edilen jenaýatyň häsiýetine we jemgyýet üçin howplulyk derejesine, günäkäriň şahsyýetine hem-de jogapkärçiligini agyrlaşdyrýan we ýeňilleşdirýän ýagdaýlaryna laýykdygyny doly barlamalydyr. Iş kesileniň hereketleriniň maddalaşdyrylyşy has ýeňil jenaýat baradaky kanuna geçilip üýtgedilse, ikinji basgançakly kazyýet iş kesilene jeza çäresini soňky maddalaşdyran maddasy boýunça belleýär. Bellenilen jeza çäresi ýeňilleşdirilen halatynda ikinji basgançakly kazyýet gutarnykly jeza çäresiniň anyk möçberini görkezmäge borçludyr.

8. Kazyýetler tarapyndan kanunçylygyň dogry we birmeňzeş ulanylmagynda nägilelik tertibinde çykarylýan kesgitnamalaryň möhüm ähmiýete eýedigini nazara almak bilen, ikinji basgançakly kazyýetler kesgitnamany beýan edenlerinde Türkmenistanyň JIÝK-nyň 464-nji maddasynda göz öňünde tutulan, onuň giriş, beýan ediş-delillendiriş we karara gelinýän böleklerine bildirilýän talaplary doly berjaý etmelidirler. Şoňa görä-de, ikinji basgançakly kazyýetiň iş boýunça gelen netijesi hökmany suratda kesgitnamasynda degişli maddy we iş ýörediş kanunyna salgylanmak bilen delillendirilen bolmalydyr we kesgitnamanyň karara gelinýän böleginde şikaýat ýa-da teklipnama boýunça kabul edilýän çözgüt anyk görkezilmelidir.

Türkmenistanyň JIÝK-nyň 464-nji maddasynyň 2-nji böleginiň 2-nji bendinde göz öňünde tutulan, ikinji basgançakly kazyýetiň kesgitnamasynyň giriş böleginde iş kesileniň özi barada beýan edilmeli maglumatlaryň (familiýasy, ady, atasynyň ady, jenaýat kanunynyň haýsy maddasy bilen iş kesilen) sanawynyň gutarnykly däldigine we kesgitnamanyň giriş böleginde, olardan başga-da iş kesilen barada hökümiň karara gelinýän böleginde beýan edilen beýleki zerur maglumatlaryň hem (meselem, oňa bellenen goşmaça we esasy jezalar, şol sanda Türkmenistanyň JK-nyň 62-nji we 63-nji maddalary ulanylyp, her madda boýunça aýratynlykda we gutarnykly bellenen jezalar, jezasyny çekmeli düzediş edarasynyň görnüşi we ş,m.) görkezilip bilinýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

9. Ikinji basgançakly kazyýet hökümi sökmek we işi täzeden seretmeklige ibermek baradaky kesgitnamasynda haýsy kanun bozulmalaryň hökümiň sökülmegine getirendigini we iş täzeden derňelende ýa-da seredilende haýsy ýagdaýlaryň anyklanylmaga degişlidigini görkezmäge borçludyr. Şonuň bilen birlikde, günäniň subut bolýandygy ýa-da bolmaýandygy, jenaýatyň maddalaşdyrylyşy we jeza çäresi baradaky meseleleri öňünden çözmäge ikinji basgançakly kazyýetiň hukugy ýokdur.

10. Türkmenistanyň JIÝK-nyň 472-nji maddasyna laýyklykda, iş kesilenleriň käbiri barasynda nägilelik şikaýat ýa-da nägilelik teklipnama getirilen ýagdaýynda, eger höküm ýokarda durýan kazyýet tarapyndan sökülmeýän bolsa, onda iş boýunça iş kesilenleriň ählisi barada höküm işe ikinji basgançakly kazyýetde seredilenden soň kanuny güýjüne girýär.

11. Eger haýsydyr bir sebäplere görä, bellenen möhletde käbir iş kesilenler barada ikinji basgançakly kazyýete berlen şikaýat ýa-da teklipnama, şol kazyýete beýleki iş kesilenler barada işe seredilenden soň gelip gowşan bolsa ýa-da geçirilen möhlet Türkmenistanyň JIÝK-nyň 51-nji maddasynda göz öňünde tutulan tertipde dikeldilen bolsa, şeýle hem eger iş kesileniň, onuň adwokatynyň ýa-da kanuny wekiliniň şikaýaty, şol iş kesilen barada eýýäm başga iş ýöredişe gatnaşyjynyň şikaýaty, ýa-da teklipnamasy boýunça seredilenden soň gelip gowşan bolsa, ikinji basgançakly kazyýet şeýle şikaýata, ýa-da teklipnama seretmäge hem-de şolar boýunça kesgitnama (karar) çykarmaga borçludyr. Eger täze çykarylan kesgitnama (karar) öňki çykarylan kesgitnama (karara) çapraz gelse, kazyýet iş ýöredişe gatnaşyjylara Türkmenistanyň JIÝK-nyň 47-nji babynda göz öňünde tutulan tertipde olara şikaýat etmek hukugyny düşündirmelidir.

Nägilelik kesgitnamasy sökülip, iş täzeden nägilelik tertibinde seretmek üçin iberilen ýagdaýynda, işe täzeden seredýän ikinji basgançakly kazyýet işe serediljek güni barada işe gatnaşyjylara habar bermek barasynda Türkmenistanyň JIÝK-nyň 442-nji maddasynda göz öňünde tutulan tertibi berjaý etmäge borçludyr.

12. Iş kesilenleriň ýa-da jebir çekenleriň ata-enesiniň, ýakyn hossarlarynyň ýazan şikaýatlary, eger-de ol adamlar kanunalaýyklykda iş kesileniň adwokaty, kanuny wekili hökmünde ýa-da jebir çekeniň wekili hökmünde ozal işe gatnaşmaga goýberilen bolsa, nägilelik tertibindäki şikaýat diýlip bilinýär we nägilelik önümçiliginiň açylmagyna getirýär.

13. Türkmenistanyň JIÝK-nyň 436-njy maddasynyň manysyna görä, işe ikinji basgançakly kazyýetde seredilýän döwrüne çenli 18-ýaşy dolan kämillik ýaşyna

ýetmedik iş kesilenleriň kanuny wekilleriniň şikaýatlarynyň nägilelik tertibinde seredilmäge degişlidigini kazyýetlere düşündirmeli.

14. Şikaýatda ýa-da teklipnamada getirilen delilleri tassyklamak ýa-da olary ýalana çykarmak üçin iş kesilen ýa-da aklanan, olaryň adwokatlary, jebir çeken we onuň wekili, raýat hak isleýjisi, raýat jogap berijisi ýa-da olaryň wekilleri işe seredilip başlanmazyndan öň ikinji basgançakly kazyýete goşmaça maglumatlary getirmäge haklydyrlar. Goşmaça maglumatlar derňew hereketlerini geçirmek arkaly alnyp bilinmez. Kazyýete goşmaça maglumatlary getirýän adam şol maglumatlaryň haýsy ýol bilen alnandygyny we olary getirmek zerurlygynyň näme bilen baglylykda ýüze çykandygyny görkezmäge borçludyr.

Goşmaça maglumatlary kabul etmek ýa-da ret etmek hakynda taraplaryň pikirlerini diňläp, kazyýet kesgitnama çykarýar. Goşmaça maglumatlar işiň çözülmegi üçin ähmiýetli bolsa, hökümiň sökülmegine we işiň täzeden seredilmegine ýa-da goşmaça derňewe iberilmegine esas bolup biler. Goşmaça getirilen maglumatlar esasynda hökümiň üýtgedilmegine ýa-da işiň ýatyrylmagy bilen sökülmegine ýol berilmeýär, ýöne şeýle maglumatlardaky görkezilenler goşmaça barlag geçirmegi we birinji basgançakly kazyýetiň baha bermegini talap etmeýän halatlary muňa girmeýär.

15. Ikinji basgançakly kazyýet deslapky derňewiň ýa-da kazyýet derňewiniň birtaraplaýyndygyny ýa-da doly däldigini, kazyýetiň hökümde beýan eden netijeleriniň işiň hakykat ýüzündäki ýagdaýlaryna laýyk gelmeýändigini, jenaýat iş ýörediş kanunynyň düýpli bozulandygyny, jenaýat kanunynyň nädogry ulanylandygyny, kazyýetiň bellän jezasynyň jenaýatyň agyrlyk derejesine we iş kesileniň şahsyýetine laýyk gelmeýändigini anyklan ýagdaýynda hökümi söküp ýa-da üýtgedip biler.

16. Ikinji basgançakly kazyýetiň diňe iş kesileniň günäli bilnen ýa-da aklanan aýbynyň çäginde işe seredýändigini kazyýetlere düşündirmeli. Eger aýbyň üýtgedilmegi bilen iş kesileniň ýagdaýy agyrlaşmaýan we onuň goranmaga bolan hukugy bozulmaýan bolsa, aýbyň üýtgedilmegine ýol berilýär. Hususan-da kazyýet, eger iş kesileniň hereketleriniň maddalaşdyrylyşynyň üýtgedilmegi hökümde beýan edilen aýypdan hakyky ýagdaýlary boýunça düýpli tapawutlanýan jenaýaty etmekde iş kesileniň günäli bilinmegini aňlatmaýan bolsa we oňa has agyr jezanyň bellenilmegine getirmeýän bolsa, etmişli hereketleri has ýeňil jenaýatlary göz öňünde tutýan madda ýa-da maddalar bilen maddalaşdyryp, aýypdan bir bölegi (halaty), ýa-da iş kesileniň jogapkärçiligini agyrlaşdyrýan alamatlary aýryp, hökümiň özbaşdak maddalaşdyrylmagyna eýe bolan aýyp boýunça bölegini söküp, işi şol bölek boýunça ýatyryp, iki jenaýatyň hakyky jemi hökmünde etmişe nädogry baha berilmegi netijesinde kanunyň artykmaç ýöňkelen maddasyny, şunda hökümi sökmezden we aýbyň şol maddasy boýunça işi ýatyrmazdan aýryp biler. Höküme girizilen ähli üýtgetmeler kesgitnamanyň (kararyň) karara gelinýän böleginde görkezilmelidir.

17. Ikinji basgançakly kazyýet işe sereden wagty, Türkmenistanyň JIÝK-nyň 31-nji maddasynyň birinji böleginiň 1-nji we 2-nji bentlerinde, 33-nji maddasynda hem-de Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 70-nji we 72-nji maddalarynda görkezilen esaslar bar bolan mahalynda, şeýle hem birinji basgançakly kazyýet

tarapyndan barlanylan subutnamalar bilen kazyýetde işi seredilýäniň oňa ýöňkelýän etmişe dahylsyzlygy anyklanan bolsa we goşmaça derňew geçirmek hem-de kazyýetde täzeden seretmek üçin esaslar ýok bolan halatynda, aýyplaw hökümini söküp, Türkmenistanyň JIÝK-da göz öňünde tutulan tertipde işi ýatyrmalydyr.

Aklaw hökümi, ikinji basgançakly kazyýetde diňe prokuroryň teklipnamasy ýa-da jebir çekeniň ýa-da onuň wekiliniň şikaýaty, şeýle hem aklanmagynyň esaslary bilen ylalaşmaýan kazyýetde aklananyň şikaýaty boýunça sökülip bilner. Eger aklananyň bigünäligine şübhe döremeýän bolsa, jenaýat iş ýörediş kanunynyň düýpli bozulandygy hakyndaky deliller boýunça aklaw hökümi, işi ýatyrmak hakyndaky kesgitnama ýa-da kazyýetde işi seredilýäniň peýdasyna çykarylan başga çözgüdiň sökülip bilinmeýändigi barada kazylaryň ünsüni çekmeli.

18. Nägilelik basgançakly kazyýet, iş kesileniň hereketlerini günä geçiş namasy ýa-da jenaýat jogapkärçiligine çekmek üçin wagt möhletiniň geçendigi sebäpli önümçilik gozgalyp bilinmejek ýa-da gozgalan hem bolsa ýatyrylmaga degişli bolan jenaýaty göz öňünde tutýan kanunyň maddasy bilen maddalaşdyrmak barada netijä gelse, onda ol birinji basgançakly kazyýetiň Türkmenistanyň JIÝK-nyň 31-nji maddasyna laýyklykda kabul etmeli bolan çözgüdini çykarýar, ýagny etmişli hereketleri kanunyň talap edýän maddasy bilen maddalaşdyryp, ol boýunça jeza çäresini belleýär we şol jezadan boşadýar.

Eger jenaýat jogapkärçiliginden boşadýan günä geçiş namasynyň bardygyna garamazdan günäkäre jenaýat işi gozgalan bolsa, jenaýat işi boýunça önümçiligi ýatyrmak bilen höküm sökülmäge degişlidir.

19. Birnäçe halatlar (epizodlar) bilen umumy maddalaşdyrylan (mysal üçin, birnäçe ogurlygyň amala aşyrylmagy) işiň bir ýa-da birnäçe halaty (epizody) baradaky ýagdaýlarynyň ýeterlik derejede derňelmändigi anyklanylsa, nägilelik basgançakly kazyýet hökümi sökmelidir we ýöňkelen aýbyň doly möçberinde täzeden seretmek üçin işi ibermelidir, ýa-da esas bar bolsa, hökümi üýtgedip, görkezilen halatlary (epizodlary) hökümden aýyrmalydyr we işiň şol bölegini önümçilikden ýatyrmalydyr.

Eger iş kesilen tarapyndan amala aşyrylan jenaýatlaryň her biri aýratynlykda seredilip bilinjek kanunyň degişli maddasy bilen maddalaşdyrylan bolsa, nägilelik basgançakly kazyýet işiň bir ýa-da birnäçe jenaýatlar baradaky bölegini goşmaça derňew geçirmek ýa-da täzeden kazyýetde seretmek üçin ibermek bilen hökümiň şol bölegini söküp biler.

20. Birinji basgançakly kazyýet tarapyndan bellenilen jezalary goşmak baradaky kanunda göz öňünde tutulan ýörelgäniň ýerine (Türkmenistanyň JK-nyň 62-nji maddasynyň 3-nji, 5-nji bölekleri, 63-nji maddasy) jezalary gurşap almak ýörelgesi nädogry ulanylan ýagdaýynda, nägilelik basgançakly kazyýetiň gutarnykly bellän jezasy höküm boýunça kesgitlenen jezanyň möçberinden geçmeýän bolsa, onda ol jezalary goşmak ýörelgesine geçip biler.

Eger jenaýatlaryň umumy jemine giryän jenaýatyň biri kanunyň has ýeňil jenaýaty göz öňünde tutýan maddasyna geçilip maddalaşdyrylanda we ol boýunça has ýeňil jeza çäresi bellenilende, nägilelik basgançakly kazyýet iş kesilene gutarnykly bellenilen jeza çäresi hökümde kesgitlenilen jezanyň möçberinden geçmeýän şertinde, jeza çäresi jenaýatlaryň umumy jemi boýunça ýörelgeleriň

islendigini ulanmak bilen kesgitlenilip bilinýän ýagdaýynda hem bellenilen jezalary gurşap almak ýörelgesinden olary goşmak ýörelgesine geçip biler.

21. Işlere nägilelik tertibinde seretmegiň möhletini uzaltmaga esas bolýan, Türkmenistanyň JIÝK-nyň 447-nji maddasynda görkezilen aýratyn ýagdaýlar diýlip, hususan-da, ikinji basgançakly kazyýetiň düzümini kesgitlemek mümkinçiliginiň bolmazlygynyň, işiň aýratyn çylşyrymlydygynyň, kazyýetiň mejlisine gatnaşmak islegini bildiren işe gatnaşyjylara degişli betbagtçylykly we başga garaşylmadyk wakalaryň bolmagynyň, şeýle-de kanunda görkezilen adamlaryň garamagy boýunça işe seretmekligiň möhletini uzaltmaga sebäp bolan beýleki ýagdaýlaryň hasap edilýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

22. Iş kesilen ýa-da kazyýet mejlisine beýleki gatnaşyjylar tarapyndan nägilelik şikaýat ýa-da teklipnama getirilenden soň, ýöne işe seredilmezinden öň, iş kesilen aradan çykan ýagdaýynda, diňe işiň barlanylmagy netijesinde aradan çykany aklamaklyga esasyň bardygy anyklanylsa, şol iş kesilen barada iş boýunça önümçilik dowam etdirilip bilner. Beýleki ýagdaýlarda şol adam barada iş boýunça önümçilik Türkmenistanyň JIÝK-nyň 31-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 8-nji bendi esasynda ýatyrylmalydyr.

Şunuň ýaly ýagdaýlarda jenaýatçylykly ýol bilen edinilen emlägi döwletiň haýryna almak baradaky meseläniň, Türkmenistanyň RIÝK-nyň 16-njy maddasynyň 1-nji böleginiň 2-nji bendine laýyklykda, prokuroryň hak islegi boýunça raýat iş ýörediş önümçiliginde, aradan çykan tarapyndan ýetirilen zyýany öndürip almak baradaky meseläniň bolsa jebir çeken ýa-da prokuror tarapyndan onuň mirasdüşerlerine ýa-da emlägini dolandyrmaklygy kabul eden adamlara bildirilen hak islegi esasynda seredilip bilinýändigini kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

Maddy subutnamalaryň ykbaly baradaky çözgüt ikinji basgançakly kazyýetiň iş boýunça önümçiligi ýatyrmak baradaky kesgitnamasynda (kararynda) görkezilmelidir, olaryň degişliligi barada jedel ýüze çykanynda bolsa raýat iş ýörediş tertibinde çözülmelidir.

23. Türkmenistanyň JIÝK-nyň 443-nji maddasyna laýyklykda, iş boýunça getirilen hususy şikaýatlar we hususy teklipnamalar barada hem işe gatnaşyjylara habar bermäge borçludyklaryny kazyýetlere düşündirmeli. Kazyýetler işe gatnaşyjylara şikaýat ýa-da teklipnama bilen tanyşmaga, olara özleriniň garşylygyny getirmäge, ikinji basgançakly kazyýete goşmaça maglumatlary bermäge hukuklarynyň bardygyny düşündirmelidir.

24. Bikanun we esassyz höküm sökülende, şeýle hem höküm üýtgedilende kazynyň, anyklaýyş işlerini ýa-da deslapky derňewi geçiren adamyň öz gulluk borçlaryny ýerine ýetireninde, ünssüzlige we harsallyga ýol berendigi anyklanylsa, ikinji basgançakly kazyýet Türkmenistanyň JIÝK-nyň 470-nji maddasyna laýyklykda hususy kesgitnama (karar) çykarmak bilen olaryň ünsüni çekmäge borçludyr. Hökümiň sökülmegine ýa-da üýtgedilmegine getirmeýän kanun bozulmalar barada hem hususy kesgitnamanyň çykarylmagyna ýol berilýär. Ýöne şeýle ýagdaýlarda, höküm bilen ret edilen ýagdaýy anyklamaga ýa-da subut edilen hasaplamaga, ýa-da güýjünde galdyrylan hökümiň kanunylygyna we esaslydygyna

şübhe döredýän görkezmeleri hususy kesgitnamalara (kararlara) girizmäge kazyýetiň hukugy ýokdur.

25. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidumy, jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri işlere nägilelik tertibinde seredenlerinde birinji basgançakly kazyýetler tarapyndan kanunyň ähli talaplarynyň berjaý edilişine ünsi güýçlendirmelidirler. Ýokarda durýan kazyýetler işlere nägilelik tertibinde seretmek boýunça kazyýet iş tejribesini yzygiderli umumylaşdyrmalydyrlar, goýberilen ýalňyşlyklary öz wagtynda düzetmelidirler.

26. Şu Kararyň kabul edilmegi bilen "Kazyýetler tarapyndan jenaýat işlerine nägilelik tertipde garamaklygyň iş ýörelgeleri hakynda" Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumynyň 1993-nji ýylyň 26-fewralyndaky 9 belgili kararyny güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy Ý.Ýazmyradow

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy M.Çaryýew

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 2

2011-nji ýylyň 30-njy noýabry Aşgabat şäheri

Jenaýat işlerine kazyýetde seredilende jenaýat iş ýörediş kanunçylygynyň berjaý edilişi hakynda

(18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3; 19.07.2025 ý. № 4; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaça bilen)

Täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda Türkmenistanyň kanunçylygynyň kämilleşmegi we onuň halkara hukuk kadalaryna laýyk getirilmegi netijesinde Türkmenistanyň täze Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň kabul edilmegi bilen baglylykda, şeýle hem jenaýat işine kazyýet seljerişinde seretmekde ýüze çykýan soraglara düşündirişleri bermek maksadyna eýerip, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy

k a r a r e d ý ä r:

1. Jenaýat işlerine kazyýetde seredilende, Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň talaplarynyň gyşarnyksyz berjaý edilmegi netijesinde, işleri hemmetaraplaýyn, doly we dogry barlap, jenaýatyň döremegine sebäp bolan şertleri ýüze çykaryp, kazyýet seljerişiniň terbiýeçilik täsirini artdyryp bolýandygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

2. Birinji basgançakly kazyýetlerde jenaýat işleriň seredilmegi uly bolmadyk agyr we ortaça agyr jenaýatlar boýunça (kämillik ýaşyna ýetmedik adamlaryň eden jenaýatlaryndan başgasy) kazynyň ýekeliginde, galanlary bolsa kazydan we kazyýetiň iki oturdaşyndan ybarat düzümde amala aşyrylmalydyr.

Aýyplanýanyň kazyýetde işine seredilýän wagtyna çenli kämillik ýaşyna ýetendigine we onuň eden jenaýatynyň derejesine garamazdan, işe kazyýet mejlisinde kazydan we kazyýetiň iki oturdaşyndan ybarat düzümde seredilmelidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Kazyýet seljerişi gaýra goýlandan soň, işe kazyýetiň başga düzüminde seredilýän ýagdaýynda, onda kazyýet seljerişi taýýarlyk bölüminden täzeden başlanylmalydygyny kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

3. Kazyýet seljerişinde başlyklyk ediji dogruçyllygy we tarapgöýsüzligi saklamak bilen, Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksinde göz öňünde tutulan, taraplaryň deň hukuklylygyny üpjün edýän ähli çäreleri görmelidir, işiň ýagdaýlarynyň hemmetaraplaýyn, doly we dogry barlanmagy üçin zerur şertleri döretmelidir, kazyýet mejlisiniň tertibiniň berjaý edilişini üpjün edip, onuň terbiýeçilik täsirini artdyrmalydyr, kazyýet seljerişine gatnaşyjylara hukuklaryny we borçlaryny hem-de olaryň amala aşyrylmagynyň tertibini düşündirmelidir.

4. Kazyýet seljerişiniň taýýarlyk böleginde çözülmeli meseleler aýdyňlaşdyrylmazdan, kazyýet derňewini Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 23-nji maddasynyň talaplaryna laýyk alyp barmak üçin şertleriň döredilip bilinmejekdigini kazyýetler bilmelidirler.

5. Kazyýet şeljerişine kazyýetde işi seredilýäniň, adwokatyň, döwlet aýyplaýyjysynyň, jebir çekeniň, raýat hak isleýjisiniň, raýat jogap berijisiniň, bilermeniň, hünärmeniň, terjimeçiniň gatnaşmagy baradaky meseleler çözülende Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 353-nji, 355-359-njy maddalaryna gollanylmalydygyny kazyýetlere düşündirmeli.

Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 82-nji maddasynyň 1-nji böleginde görkezilen halatlarda kazyýet mejlisine adwokatyň gatnaşmagynyň hökmanydygyny, ýöne şol maddanyň birinji böleginiň 6-njy, 8-nji, 9-njy, 11-nji bentlerinde görkezilen ýagdaýlar bolan halatynda, ýagny goralýan bähbitleri biri-birine çapraz gelýän adamlaryň işleri boýunça, eger olaryň haýsydyr biriniň adwokaty bar bolsa; aýratyn agyr jenaýatlary etmekde güman edilýän kazyýetde işi seredilýän adamlaryň işleri boýunça; aýyplanýan barada ätiýaçsyzlandyryş çäresi hökmünde tussag etmek ulanylan mahalynda; işiň kazyýetde seljerilmegine döwlet aýyplaýjysy gatnaşanda kazyýetde işi serdilýäniň adwokatdan ýüz döndermesiniň kabul edilip bilinýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

Adwokatdan ýüz dönderme meselesi çözülende kazy karar, kazyýet bolsa kesgitnama çykarmalydyr.

6. Kazyýet seljerişiniň taýýarlyk böleginde başlyklyk edijiniň Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 378-nji maddasynda görkezilen, kazyýetde işi seredilýäniň şahsyýetini anyklamak bilen baglanşykly ähli soraglary şol yzygiderlilikde doly anyklamagy zerurdyr. Beýan edilen maddada görkezilen, kazyýetde işi seredilýäniň şahsyýetine degişli başga maglumatlaryň hataryna iş kesilenlik aýbynyň aýrylandygy ýa-da aýrylmandygy, onuň ätiýaçsyzlandyryş çäresiniň görnüşi, harby ýa-da ýörite hormatly adynyň bardygy, saýlawly edaralara saýlanandygy ýa-da saýlanmandygy baradaky maglumatlary mysal edip bolar.

7. Başlyklyk ediji taraplara olaryň kazyýetiň düzümine, kaza ýa-da kazyýet oturdaşlarynyň haýsy-da bolsa birine, şeýle hem Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 379-njy maddasynda görkezilen adamlara şol Kodeksiň 103-105-nji maddalarynda göz öňünde tutulan esaslar boýunça ynanmazlyk bildirmäge bolan hukuga eýediklerini düşündirmelidir. Bildirilen ynanmazlyk Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 103-106-njy maddalarynda göz öňünde tutulan tertipde çözülmelidir.

Bildirilen ynanmazlyk delillendirilmelidir we onuň dogry çözülmegini üpjün etmek maksady bilen kazynyň ýa-da kazyýetiň ynanmazlyk bildirilen adama kazyýet mejlisinde düşündirişini beýan etmäge mümkinçilik berip, şol mesele boýunça beýleki kazyýet seljerişine gatnaşyjylaryň pikirini diňläp netijä gelmegi hökmanydyr. Ynanmazlyk bildirmek boýunça kabul edilen karar (kesgitnama) şikaýat edilmäge ýa-da teklipnama getirilmäge degişli däldir. Karar (kesgitnama) baradaky närazylygyň delilleri nägilelik tertibindäki şikaýatnama (teklipnama) ýa-da gözegçilik tertibindäki şikaýatnama (teklipnama) goşulyp bilner.

8. Kazy ýa-da kazyýet, kazyýet mejlisinde kazyýetde işi seredilýäne, jebir çekene, raýat hak isleýjisine, raýat jogap berijisine hukuklaryny, hünärmene we bilermene hukuklaryny hem-de borçlaryny Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 381-384-nji maddalarynda görkezilen tertipde düşündirmelidir.

9. Kazy ýa-da kazyýet taraplaryň täze şaýatlary, bilermenleri, hünärmenleri çagyrmak, maddy subutnamalary we resminamalary talap edip almak we ş.m. baradaky haýyşlary boýunça, haýyş bildiren talap edilýän goşmaça subutnamalaryň haýsy ýagdaýyň anyklanmagy üçin zerurdygyny beýan edeninden soňra, iş ýöredişe beýleki gatnaşyjylaryň pikirini diňläp, haýal etmän, bildirilen haýyşy kanagatlandyrmak ýa-da kanagatlandyrman galdyrmak hakynda delillendirilen karar ýa-da kesgitnama çykarmalydyr.

Kazyýet seljerişiniň taýýarlyk bölüminde iş ýöredişe gatnaşyjylaryň işiň gidişi bilen baglanyşyklykda jebir çeken, raýat hak isleýjisi, raýat jogap berijisi diýip bilmek, işi ýöretmegi togtatmak ýa-da oňa seretmekligi gaýra goýmak, işi ýatyrmak we ş.m. barada bildiren haýyşlaryny, şeýle hem kazyýet derňewiniň dowamynda bildirilen beýleki haýyşlary kazyýetler ýokarda beýan edilen tertipde çözmelidirler.

Haýyşy kazyýet tarapyndan kanagatlandyrylman galdyrylan adam soňra şol haýyşy ýene-de bildirmäge hukugy bardyr. Haýyşyň bildirilendigine ýa-da bildirilmändigine garamazdan, kazy ýa-da kazyýet öz başlangyjy boýunça täze şaýatlary çagyrmak, bilermenler seljermesini bellemek, resminamalary we başga subutnamalary talap edip almak hakynda karar ýa-da kesgitnama çykarmaga haklydyr.

Seljerilmegi gaýra goýulmagy zerur bolan iş boýunça kazyýet mejlisi ýapylmanka kazyýet iş ýöredişe gatnaşyjylaryň haýyşlarynyň bardygyny ýa-da ýokdugyny anyklamalydyr. Şeýle haýyşlar bildirilse, kazyýet olary çözmelidir.

Iş kazyýet seljerişine bellenenden soň, ýöne kazyýet seljerişi başlamanka gelip gowşan haýyşlar kazyýet mejlisiniň taýýarlyk bölüminde çözülmäge degişlidir. Bildirilen haýyşlaryň çalt çözülmegini üpjün etmek maksady bilen iş boýunça başlyklyk ediji kazyýet mejlisinden öň hem belli bir taýýarlyk işlerini (kepilnama, häsiýetnama we başga resminamalary degişli edaralardan talap etmek we ş.m.) geçirip biler.

10. Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 368-nji maddasynyň 2-nji böleginde sanalyp geçilen meseleler boýunça kararlar ýa-da kesgitnamalar, şeýle-de hususy kararlar ýa-da kesgitnamalar maslahat otagynda aýratyn resminama görnüşinde çykarylyp, kazyýet mejlisinde yglan edilmäge degişlidigine kazyýetler üns bermelidirler.

Beýleki kararlar ýa-da kesgitnamalar kazynyň ýa-da kazyýetiň garaýşyna görä, ýokarda görkezilen tertipde ýa-da kazyýet mejlishanasynda-oturan ýerinde çykarylmalydyr, şunda çykarylan karar ýa-da kesgitnama kazyýet mejlisiniň teswirnamasynda ýazylmalydyr.

11. Kazy ýa-da kazyýet iş boýunça subutnamalary gönüden-göni barlamaga, Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksinde göz öňünde tutulan halatlardan başga halatlarda, kazyýetde işi seredilýäniň, jebir çekeniň, şaýatlaryň görkezmelerini diňlemäge, bilermenleriň netijenamalaryny yglan etmäge we

barlamaga, maddy subutnamalary gözden geçirmäge, teswirnamalary we beýleki resminamalary yglan etmäge, subutnamalary barlamak boýunça başga kazyýet hereketlerini geçirmäge borçludyr.

12. Kazyýet derňewi ilki aýyplaw tarapyndan döwlet aýyplaýjysynyň, jebir çekeniň we onuň wekiliniň, raýat hak isleýjisiniň we onuň wekiliniň getirýän subutnamalaryny, soňra aklaw tarapyndan kazyýetde işi seredilýäniň, onuň adwokatynyň, kazyýetde işi seredilýäniň kanuny wekiliniň, raýat jogap berijisiniň we onuň wekiliniň getirýän subutnamalaryny barlamak tertibinde alnyp barylmalydyr. Soňundan kazyýetiň başlangyjy boýunça talap edilip alnan subutnamalar barlanylmalydyr.

13. Eger-de kazyýet seljerişi birnäçe kazyýetde işi seredilýänler barasynda alnyp barylýan bolsa, taraplaryň haýyşy ýa-da kazynyň ýa-da kazyýetiň başlangyjy boýunça olaryň biriniň ýoklugynda beýlekiniň sorag edilmegine Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 390-njy maddasyna laýyklykda, diňe kazynyň karary ýa-da kazyýetiň kesgitnamasy boýunça ýol berilýär.

Kazyýetde işine seredilýäniň görkezmesi, diňe Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 391-nji maddasynyň 1-nji böleginde görkezilen ýagdaýlaryň ýüze çykan halatynda yglan edilip bilner.

Kämillik ýaşyna ýetmedik kazyýetde işi seredilýän barada işe seredilende, kazyýetleriň Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 49-njy babynda görkezilen talaplary berjaý etmekleri zerurdyr.

14. Başlyklyk ediji şaýada, onuň özüniň we ýakyn garyndaşlarynyň garşysyna görkezme bermekden ýüz döndermäge hukugynyň bardygyny we eger-de görkezme bermäge isleg bildirende, görnetin ýalan görkezme berse, jenaýat jogapkärçiligine çekiljekdigi barada düşündirmelidir. "Ýakyn garyndaşlar" diýen düşünje babatda Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 6-njy maddasynyň 59-njy bendinde görkezilenlerden ugyr alynmalydyr.

Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 395-nji maddasynyň talaplaryna laýyklykda, kazyýet seljerişinde jebir çekeniň we şaýadyň anyklaýşyň we deslapky derňewiň dowamynda ýa-da öňki kazyýet seljerişinde beren görkezmeleriniň yglan edilmegine, şeýle hem ses, wideoýazgylarynyň gaýtalanyp diňlenmegine, olaryň şol görkezmeleri bilen kazyýet mejlisinde beren görkezmeleriniň arasynda düýpli gapma-garşylyk bolan ýagdaýynda, şeýle hem olaryň kazyýet seljerişine gatnaşmadyk we görkezme bermekden ýüz dönderen mahalynda ýol berilip bilner.

Kazyýetde işi seredilýäniň (şaýadyň, jebir çekeniň) yglan edilen görkezmeleri kazyýet derňewiniň dowamynda kazy ýa-da kazyýet tarapyndan barlanylmaga degişlidir.

Kämillik ýaşyna ýetmedik jebir çekeni, şaýady kazyýet mejlisinde sorag etmekliginiň öz aýratynlyklarynyň bardygy, şonda Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 394-nji maddasynda görkezilen talaplaryň berjaý edilmelidigi barada kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Şunda kazyýetlerde sanly wideoaragatnaşygy amala aşyrmak üçin tehniki mümkinçilikler bolanda hem-de zerurlyk ýüze çykan halatynda, işe seredýän kazyýetiň sorag etmegiň Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 393-nji we

393^1-nji maddalarynda göz öňünde tutulan düzgünlerini berjaý etmek bilen, jebir çekeni we şaýady sanly wideoaragatnaşyk ulgamyny peýdalanmak arkaly sorag etmek hakyndaky mesele hem çözlüp bilner.

15. Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 386-njy maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, kazyýet seljerişi gaýra goýlan iş boýunça kazyýet mejlisine gelen şaýatlar, bilermen ýa-da hünärmen, jebir çeken, raýat hak isleýjisi, raýat jogap berijisi ýa-da olaryň wekilleri sorag edilen bolsa, soňra hem işe seretmeklik kazyýetiň öňki düzüminde, ýa-da şol bir kazy we kazyýet oturdaşlary tarapyndan seredilýän bolsa, görkezilen adamlary kazyýet mejlisine diňe zerur halatlarda ikinji gezek çagyrmaga ýol berilýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

Kazyýetler kanunyň şu düzgünini ulananlarynda jebir çekeniň, raýat hak isleýjisiniň, raýat jogap berijisiniň we olaryň wekilleriniň Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 86-88-nji maddalaryna laýyklykda, öz hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak üçin iş boýunça ähli kazyýet seljerişlerine gatnaşmaga haklydyklaryny göz öňünde tutmalydyrlar. Şonuň üçin şu adamlaryň kazyýet seljerişi gaýra goýlandan soňky kazyýet mejlislerine gatnaşmazlyklary meýletin häsiýete eýe bolmalydyr. Şeýle şertleri üpjün etmek maksady bilen gaýra goýlan kazyýet seljerişiniň soňky geçiriljek ýeri we wagty barada olara habar berilmelidir.

16. Kazyýetler bilermeniň we hünärmeniň iş ýöredişe gatnaşmak tertibini we ygtyýarlylygyny kesgitleýän kanunyň kadalaryny takyk ýerine ýetirmelidirler.

Bilermeniň iş ýöredişe gatnaşmak tertibi Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 96-njy we 396-njy, 397-nji maddalary bilen kesgitlenýär.

Hünärmeniň iş ýöredişe gatnaşmak tertibi Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 97-nji, 98-nji maddalarynda göz öňünde tutulandyr.

17. Işiň belli bir ýagdaýyny anyklamak üçin ylym, tehnika, sungat, senet ýa-da hünär ugrundan ýörite bilimiň zerur bolan her bir gezeginde bilermenler seljermesini geçirmegiň gerekdigi ýa-da degişli hünärmeni kazyýet seljerişine gatnaşmaga çekmek ýoly bilen şeýle ýagdaýlary aýdyňlaşdyryp boljakdygy baradaky mesele çözülmelidir.

Haçanda, subutnamalar barlananda, kazyýete ýa-da kazyýet seljerişine gatnaşyjylara ýörite bilim we tejribe gerek bolanda (mysal üçin, tehnologik ýa-da önümçilik işiniň manysyna, ol ýa-da başga bir hünäriň özüne mahsus aýratynlyklaryna we ş.m. düşünmek üçin) kazyýet mejlisine gatnaşmak üçin hünärmen çagyrylýar. Hünärmeniň pikiri hökmany suratda kazyýet mejlisiniň teswirnamasynda görkezilmelidir.

Bilermeniň netijenamasy kanuna laýyklykda subutnamalaryň bir görnüşi bolup durýar we ol geçirilen barlaglaryň esasynda berilýär. Bilermene hünärmeniň ygtyýarlylygyna girýän soraglar berlip bilner, hünärmeniň öňünde bolsa bilermeniň ygtyýarlylygyna girýän meseläniň goýulmagyna ýol berilmeýär, onuň pikiri bilermeniň netijenamasy bilen deň hasap edilip bilinmez.

Kazyýetler bilermenler seljermesini geçirmekligi bilermeni sorag etmek bilen çalşyrmaklyga ýol bermeli däldirler, sebäbi Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 397-nji maddasyna laýyklykda bilermen diňe netijenama yglan edilenden soň, ony düşündirmek, takyklaşdyrmak we üstüni ýetirmek üçin sorag edilip bilner.

Bilermeniň netijenamasy ýeterlik aýdyň däl, doly däl diýlip hasap edilende ýa-da kazyýet şol netijenama bilen razylaşmadyk halatynda, şeýle hem bilermenleriň arasynda ylalaşmazlyklar bolan ýagdaýynda, kazyýet öz başlangyjy boýunça, ýa-da iş ýöredişe gatnaşyjylaryň haýsydyr biriniň haýyşy boýunça goşmaça, ýa-da gaýtadan bilermenler seljermesini belläp biler.

18. Jenaýat işiň ýanyna goşulan we täze getirilen maddy subutnamalar taraplaryň haýyşy boýunça, şeýle-de kazyýetiň öz başlangyjy boýunça kazyýet derňewiniň islendik pursadynda gözden geçirilip we taraplara görkezilip bilner. Maddy subutnamalary gören adamlar, olary gözden geçirenlerinde ýüze çykarylan, iş üçin ähmiýetli ýagdaýlara kazyýetiň ünsüni çekmäge haklydyrlar. Taraplaryň, zerur halatynda bolsa şaýatlaryň, bilermeniň, hünärmeniň hem gatnaşmagynda ýeri we jaýy gözden geçirmekligiň hakykaty anyklamak üçin ähmiýetniň bardygyna kazyýetler üns bermelidirler. Kazyýetiň maddy subutnamalary gözden geçirmek boýunça ähli hereketleri kazyýet mejlisiniň teswirnamasynda görkezilmelidir.

19. Türkmenistanyň Jenaýat iş ýöredişi kodeksiniň 407-nji maddasyna laýyklykda, kazyýetde çykyp geplemeler döwlet aýyplaýjysynyň, jebir çekeniň ýa-da onuň wekiliniň, raýat hak isleýjisiniň we raýat jogap berijisiniň ýa-da olaryň wekilleriniň, işe döwlet aýyplaýjysy gatnaşan halatynda, adwokatyň, adwokatyň ýoklugynda kazyýetde işi seredilýäniň sözlän sözlerinden ybaratdyr. Şeýlelikde, adwokatyň gatnaşmazlygynda seredilýän işler boýunça goranmaklyk üçin kazyýetde işi seredilýäne söz bermäge kazyýetler borçludyrlar. Jenaýat iş ýöredişi kodeksiniň şu talabynyň berjaý edilmezligi hem kazyýetiň höküminiň sökülmegine getirýän kanunyň düýpli bozulmasydyr.

Kazyýetde çykyp geplemelere gatnaşyjylaryň hemmesi sözläp gutarandan soň, olaryň hersi ýene bir gezek replika bilen çykyş edip bilerler. Ähli halatlarda ahyrky replika bilen çykyş etmek hukugy adwokata, eger-de ol gatnaşmadyk ýagdaýynda kazyýetde işi seredilýäne degişlidigini kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

20. Kazyýetde çykyp geplemelere gatnaşyjylaryň çykyşlarynda ýa-da kazyýetde işi seredilýän ahyrky sözünde iş üçin ähmiýeti bolan täze ýagdaýlar hakynda habar berseler, kazyýet taraplaryň haýyşy, ýa-da öz başlangyjy boýunça kazyýet derňewini täzeden başlamalydyr. Bu meseläni kazy ýa-da kazyýet kazyýet mejlishanasynda oturan ýerinde çözüp biler. Täzeden başlanan kazyýet derňewi tamamlanandan soň, kazyýet täzeden çykyp geplemeleri açmalydyr we kazyýetde işi seredilýäne ahyrky sözüni bermelidir.

21. Kazy ýa-da kazyýet uly bolmadyk agyr jenaýatlar hakyndaky işler boýunça iş ýöredişe gatnaşyjylaryň pikirlerini diňläp, aşakdaky halatlarda işlere gysgaldylan tertipde seredip biler:

1) eger kazyýetde işi seredilýän günäsini, şol sanda özüne bildirilen hak islegleri doly boýun alsa;

2) iş ýöredişe gatnaşyjylar iş boýunça toplanan subutnamalaryň degişliligine we ýolbererliklidigine garşy çykmasalar we olaryň kazyýet mejlisinde barlanmagyny talap etmeýän bolsalar;

3) iş ýöredişe gatnaşyjylaryň Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksinde göz öňünde tutulan hukuklaryny goraýan düzgünleriň bozulmagyna ýol berilmedik bolsa.

Iş boýunça kazyýet derňewiniň gysgaldylan tertibi kazyýetde işi seredilýäni we jebir çekeni sorag etmekden ybarat bolup, çykyp geplemeler we işe seretmegiň tamamlanmagy Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 42-nji babynda göz öňünde tutulan düzgünler boýunça amala aşyrylmalydyr. Eger kazyýetde işi seredilýäni ýa-da jebir çekeni sorag etmegiň dowamynda kazyýet mejlisinde barlanmagyny talap edýän ýagdaýlar ýüze çykarylsa, kazy karar, kazyýet bolsa kesgitnama çykaryp, Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksinde göz öňünde tutulan düzgünler boýunça kazyýet derňewiniň doly möçberde alnyp barylmalydygyny kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

22. Kazyýet seljerişi diňe kazyýetde işi seredilýän barada we oňa bildirilen aýyplawyň çäklerinde geçirilmelidir. Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 360-njy maddasynyň manysyna görä, aýyplaw netijenamasynda görkezilen aýyby has agyr ýa-da öň bildirilen aýypdan düýpli tapawutlanýan aýyp tarapyna üýtgedilmegine ýol berilmeýär.

Aýyp has agyr tarapyna üýtgedilen diýip aşakdaky ýagdaýlar hasap edilýär:

a) haçanda jenaýat kanunynyň has berk jeza çäresini göz öňünde tutýan sanksiýaly başga kadasy (jezanyň ýokarky we aşaky çägi has ýokary bolan ýa-da goşmaça jesazy göz öňünde tutulan maddasy, maddanyň bölegi, ýa-da bendi) ulanylýan bolsa;

b) aýyplanýana günä bildirilmedik, jenaýatyň maddalaşdyrylyşynyň has berk jeza çäresini göz öňünde tutýan kanun bilen çalşyrylmagyna getirýän ýa-da etmişiň hukuk taýdan bahasyny üýtgetmeýän hem bolsa, oňa bildirilýän aýbyň hakyky möçberini köpeldýän goşmaça halatlaryň aýyplanýanyň günäsine goşulmagy.

Bildirilen aýyby üýtgetmek ýa-da onuň üstüni ýetirmek ýa täze aýyplaw boýunça, ýa-da täze adamlar barada jenaýat işini gozgamak zerurlygy ýüze çykan halatynda, kazy ýa-da kazyýet Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 361-363-nji maddalarynda bellenilen düzgünlere goldanmalydyrlar.

23. Kazyýet seljerişiniň dowamynda Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 31-nji maddasynyň birinji böleginiň 3-10-njy bentlerinde görkezilen ýagdaýlar ýüze çykan bolsa, şeýle hem uly bolmadyk agyr we ortaça agyr jenaýatlar boýunça kazyýetde işi seredilýän barada döwlet aýyplaýjysy Kodeksiň 31-nji maddasynyň birinji böleginiň 1-nji we 2-nji bentlerinde görkezilen esaslar boýunça, şonuň ýaly hem ýöňkelýän jenaýatly etmişi etmäge dahylsyzlygy sebäpli aýyplawdan ýüz dönderen halatynda, eger jebir çeken hem aýyplawdan ýüz dönderende, şeýle-de Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 31-nji maddasynyň birinji böleginiň 6-njy bendinde görkezilen ýagdaýda jebir çeken bilen aýyplanýan ýaraşsa iş kazyýet seljerişinde ýatyrylmaga degişlidir.

24. Akyly düzüw däl we jenaýat edeninden soň psihiki keseli bilen keselläп adamlar hakynda gowşan iş boýunça kazyýet seljerişi döwlet aýyplaýjysynyň we adwokatyň hökmany gatnaşmagy bilen, Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 39-njy we 42-nji baplarynyň düzgünlerine laýyklykda geçirilmelidigini, şol adamyň jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan we jemgyýet üçin howply etmişi

edendigini takyklaýan ýa-da ýalana çykarýan subutnamalaryň barlanmalydygyny, aýyplanýanyň akylynyň ýagdaýy hakynda bilermenleriň netijenamasynyň diňlenmelidigini we lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmak hakyndaky meseläni çözmek üçin düýpli ähmiýeti bar bolan başga ýagdaýlaryň hem anyklanmalydygyny kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

25. Kazyýet mejlisiniň teswirnamasynyň iş boýunça iň wajyp iş ýörediş resminamalaryň biridigini nazara alyp, kazyýetler onuň düzülişiniň hilini ýokarlandyrmak üçin çäreler görmelidirler. Kazyýet mejlisiniň teswirnamasynda Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 121-nji maddasynda göz öňünde tutulan maglumatlar görkezilmelidir we şol Kodeksiň 371-nji maddasynyň talaplaryna laýyklykda düzülmelidir.

Kazyýet mejlisiniň teswirnamasy kazyýet mejlisi tamamlanandan soň bäş gije-gündizden, has çylşyrymly işler boýunça on gije-gündizden gijä goýulman taýýarlanylyp, başlyklyk edijiniň we kätibiň gollary bilen tassyklanmalydyr. Kazyýet mejlisiniň dowamynda kazyýet mejlisiniň teswirnamasy bölekme-bölek taýýarlanyp bilner we bölekleriň her biri bitewi mejlis teswirnamasy ýaly başlyklyk edijiniň we kazyýet mejlisiniň kätibiniň gollary bilen tassyklanmalydyr.

Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 457-nji maddasynyň 3-nji böleginiň 10-njy bendine laýyklykda, işde kazyýet mejlisiniň teswirnamasy bolmadyk halatynda ýa-da kazyýet mejlisiniň teswirnamasynda başlyklyk edijiniň ýa-da kazyýet mejlisiniň kätibiniň goly ýok halatynda jenaýat iş ýörediş kanunynyň düýpli bozulmasy hasaplanylýandygyna we hökümiň sökülmegine getirýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

Kazyýet seljerişiniň dowamynda wideo we ses ýazgylary ulanylyp bilner, olar baradaky maglumatlar kazyýet mejlisiniň teswirnamasynyň ýanyna goşulyp, möhürlenip, onuň bilen bile saklanylmalydyr. Görkezilen tehniki serişdeleriň ulanylandygy barada kazyýet mejlisiniň teswirnamasynda bellik edilmelidir.

Başlyklyk edijiniň kazyýet mejlisiniň dowamynda teswirnamanyň alnyp barlyşyna zerur bolan ünsi bermegi we kazyýet seljerşiniň gidiş mazmunynyň teswirnamada doly we dogry beýan edilmegini üpjün etmek üçin degişli çäreleri görmegi gerekdir. Iş ýöredişe gatnaşyjylaryň bildiren haýyşlarynyň we olary ara alyp maslahatlaşmagyň tertibiniň, maslahat jaýyna gitmezden, kazyýet mejlisinde çykarylýan kazyýet kesgitnamalarynyň (kararlarynyň), özlerine bildirilen aýba bolan garaýşy barada kazyýetde işi seredilýäniň, işiň ýagdaýlary barada şaýatlaryň, jebir çekenleriň beren görkezmeleriniň, subutnamalary barlamak tertibiniň dogry beýan edilişine aýratyn üns berilmelidir. Kazyýet mejlisiniň teswirnamasyna girizilýän her bir düzediş başlyklyk ediji we kätip tarapyndan tassyklanmalydyr.

Döwlet aýyplaýjysy, adwokat, iş kesilen hem-de jebir çeken, raýat hak isleýjisi, raýat jogap berijisi ýa-da olaryň wekilleri teswirnama gol çekilenden soň bäş gije-gündiziň dowamynda teswirnama bilen tanyşmaga we onuň nädogrudygyny ýa-da doly däldigini görkezip, teswirnama barada özleriniň belliklerini bermäge haklydyrlar. Iş boýunça başlyklyk ediji şol maddada agzalan möhleti taraplaryň haýyşy boýunça on gije-gündize çenli uzaldyp biler.

26. Kazyýet mejlisinde barlanylmadyk, teswirnamada bellik edilmedik ýa-da käbir ýagdaýlaryň (mysal üçin, kazyýetde işi seredilýäniň, şaýadyň

görkezmeleriniň) teswirnamada beýan edilişine gabat gelmeýän, ýa-da derňelip degişli baha berilmedik, biri-birine gapma-garşy gelýän subutnamalara hökümde esaslanylmagyna ýol berilmeli däldigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

27. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumy, jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri işlere nägilelik we gözegçilik tertibinde seredenlerinde birinji basgançakly kazyýetler tarapyndan kanunyň ähli talaplarynyň berjaý edilişine ünsi güýçlendirmelidirler. Ýokarda durýan kazyýetler işlere seretmek boýunça kazyýet iş tejribesini yzygiderli umumylaşdyrmalydyrlar, goýberilen ýalňyşlyklary öz wagtynda düzetmelidirler.

28. Şu Kararyň kabul edilmegi bilen "Jenaýat işlerine kazyýetde garalanda kazyýetler tarapyndan iş ýörediş kanunçylygyň berjaý edilişi hakynda" Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumynyň 1997-nji ýylyň 2-nji oktýabryndaky 9 belgili kararyny güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy A.Hallyýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy M.Çaryýew

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 3

2011-nji ýylyň 30-njy noýabry Aşgabat şäheri

Işgäriň iş berijiniň öňündäki maddy jogapkärçiligini düzgünleşdirýän kanunçylygyň kazyýetler tarapyndan ulanylyşy hakynda

(25.07.2015 ý. № 2; 16.07.2016 ý. № 4; 17.02.2024 ý. № 3, 19.07.2025 ý. № 4; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen)

Täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän kanunçylyk namalarynyň kämilleşmegi netijesinde Türkmenistanyň täze Zähmet kodeksiniň kabul edilmegi bilen baglylykda, şeýle hem işgärleriň maddy jogapkärçiligini düzgünleşdirýän zähmet kanunçylygynyň dogry ulanylmagyny üpjün etmek maksady bilen, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy

k a r a r e d ý ä r:

1. Zähmet gatnaşyklarynda durýan işgär tarapyndan iş berijä zyýan ýetirilen mahalynda, zähmet kanunçylygynyň işgäriň maddy jogapkärçiligi baradaky kadalarynyň ulanylmaga degişlidigini kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

Işgäriň maddy jogapkärçiligi diýlip, zähmet borçlaryny ýerine ýetiren wagtynda kanuna ters gelýän hereketiniň (hereketsizliginiň) netijesinde işgäriň günäsi bilen iş berijä maddy zyýanyň ýetirilmegine we şol zyýany Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynda göz öňünde tutulan tertipde we möçberde töletmek borjuna düşünilmelidir.

Kanuna ters gelýän diýlip, Türkmenistanyň Zähmet kodeksi, zähmet we köpçülikleýin şertnamasy (ylalaşygy) bilen üstüne ýüklenen zähmet borçlaryny ýerine ýetirmeýän (ýa-da göwnejaý ýagdaýda ýerine ýetirmeýän) işgäriň özüni alyp barşyna (hereketine ýa-da hereketsizligine) düşünilmelidigi barada kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Eger-de işgär zähmet gatnaşyklaryndan gelip çykýan borjuny ýerine ýetirýän wagty, zähmet gatnaşygynda durmaýan başga bir adama maddy zyýan ýetiren ýagdaýynda, şol zyýany ýetiren işgär bilen zähmet gatnaşygynda durýan iş beriji raýat hukuk kadalary boýunça jogapkärçilige çekilmelidir. Ýetirilen zyýanyň öwezini dolan iş beriji soňra öz işgärini Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyna laýyklykda maddy jogapkärçilige çekip biler.

Işgär iş berijä ýetirilen göni hakyky zyýanyň öwezini dolmaga borçludyr. Alynmadyk girdejiler işgärden alynmaga degişli däldir.

Göni hakyky zyýan diýlip iş berijiniň nagt emläginiň (şol sanda eger iş beriji bu emlägiň abatlygy üçin jogapkärçilik çekýän bolsa iş berijide durýan üçünji taraplaryň emläginiň) hakyky azalmagyna ýa-da görkezilen emlägiň ýagdaýynyň ýaramazlaşmagyna, şeýle hem iş beriji üçin harajatlary geçirmegiň zerurlygyna ýa-da emlägiň alynmagy ýa-da dikeldilmegi üçin artykmaç töleglere düşünilmelidigine kazyýetler üns bermelidirler.

2. Zyýany anyk işgäriň tölemegi hakyndaky çözgüdi kabul etmezden ozal iş beriji ýetirilen zyýanyň möçberini kesgitlemek we onuň ýüze çykmagynyň sebäplerini anyklamak üçin barlag geçirmelidir. Şeýle barlag geçirmek üçin iş berijiniň iş toparyny döretmeklige, oňa kärdeşler arkalaşygy guramasynyň ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli guramasynyň wekillerini hem-de degişli hünärmenleri gatnaşdyrmaklyga hukugy bardyr.

Zyýanyň ýüze çykmagynyň sebäplerini anyklamak maksady bilen işgärden ýazmaça görnüşinde düşündirişiň talap edilmegi hökmanydyr. Işgäriň düşündiriş bermekden boýun gaçyrmagy, iş berijä ýetirilen zyýany üçin ony maddy jogapkärçilige çekmeklige päsgel berip bilmez. Işgär ýa-da onuň wekili barlagyň ähli materiallary bilen tanyşmak hukugyna eýedir.

3. Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 236-njy maddasyna laýyklykda ortaça aýlyk zähmet hakyndan geçmeýän möçberde zyýany töletmek iş berijiniň buýrugy boýunça, kärhanalaryň ýolbaşçylary we olaryň orunbasarlary tarapyndan bolsa tabynlyk tertibinde ýokarda durýan edaranyň buýrugy esasynda zyýan ýetiren işgäriň zähmet hakyndan tutup almak arkaly geçirilmelidir.

Şunda işgär tarapyndan ýetirilen zyýanyň ýüze çykarylan gününden başlap iki hepdeden gijä galman iş berijiniň ýa-da tabynlyk tertibinde ýokarda durýan edaranyň buýrugynyň çykarylmalydygyna we şol buýruk bilen işgär habarly edilenden ýedi gün geçenden soň ony ýerine ýetirip bolýandygyna kazyýetler üns bermelidirler. Eger-de işgär iş berijiniň emlägine ýetirilen zyýany töletmek hakyndaky buýruk bilen razylaşmadyk ýagdaýynda Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 239-njy maddasyna laýyklykda ol barada kazyýete şikaýat edip biler.

Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 80-nji maddasynyň birinji bendine laýyklykda, zähmet hakynyň tölenmegi we zähmet hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan beýleki talaplar boýunça diňe hak isleýjileriň-işçileriň we gullukçylaryň kazyýet çykdajylaryny tölemekden boşadylýandyklary sebäpli, işgärden ýetirilen zyýany töledip almak baradaky hak islegi boýunça iş berijiniň kazyýet çykdajysyny tölemäge borçludygyna kazyýetler üns bermelidirler. Iş berijiniň maddy zyýany işgärden töledip almak hakyndaky hak isleýiş arzasy Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 381-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 2-nji bendi esasynda kazyýetlerde gös-göni seredilmäge degişlidir.

4. Işgäriň ýetiren maddy zyýanynyň öwezini tölemegi hakyndaky jedeller boýunça iş beriji zyýanyň ýetirilendigini anyklan gününden başlap bir ýylyň dowamynda hak isleýiş arzasy bilen kazyýete ýüz tutmaga haklydyr. (Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 382-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 2-nji bendi).

Eger-de bellenilen möhlet esasly sebäplere görä berjaý edilmedik halatynda, iş berijiniň ýa-da onuň ygtyýarly edilen wekiliniň arzasy esasynda kazyýet

tarapyndan şol möhlet dikeldilip bilner. Esasly sebäpler diýlip iş berijiniň öz erkine bagly bolmadyk, hak isleýiş arzasyny tabşyrmaklyga päsgelçilik döreden aýratyn ýagdaýlara düşünilmelidir.

5. Işgäriň maddy jogapkärçiligi baradaky işler kazyýet mejlisinde seretmeklige taýýarlanan döwründe, hak isleýjiden we işe gatnaşýan beýleki adamlardan zyýanyň ýetirilmeginde işgäriň günäsiniň bardygyny, onuň zähmet borçlaryny ýerine ýetirýän wagtynda iş berijä hakykatdan hem zyýan ýetirendigini, işgäriň özüni alyp barşynyň (hereketiniň ýa-da hereketsizliginiň) kanuna ters gelýändigini; işgäriň kanuna ters gelýän özüni alyp barşy bilen iş berijide dörän zyýanyň arasynda gönüden-göni baglanyşygyň bardygyny tassyklaýan, şeýle hem şol jedeli düýp manysy boýunça dogry çözmek üçin gerek bolan başga subutnamalar talap edilip alynmalydyr.

6. Kazyýetler Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 157-nji maddasynda görkezilen hukuklaryndan giňden peýdalanyp, işe gatnaşýan adamlaryň arzasy boýunça hak islegi üpjün etmek üçin çäreleri görmelidirler, çünki şeýle çäreleriň görülmezligi çözgüdiň ýerine ýetirilmezligine ýa-da onuň kynçylyk bilen ýerine ýetirilmegine getirip biler**.**

7. Ýeňip geçip bolmajak güýjüň, kadaly hojalyk töwekgelçiliginiň, goranyşyň örän zerurlygynyň ýa-da işgäre ynanylan emlägi saklamak üçin degişli şertleri üpjün etmek boýunça iş berijiniň borçlarynyň ýerine ýetirilmezligi netijesinde zyýan ýüze çykan halatlarynda işgär maddy jogapkärçilige çekilip bilinmez.

Iş beriji işgärlere kadaly işlemek we özüne ynanylan emlägiň (gymmatlyklaryň) doly abat saklanylmagyny üpjün etmek üçin zerur bolan şertleri döretmäge borçludyr. Iş berijiniň işgäre ynanylan emlägi saklamak üçin degişli şertleri üpjün etmek borçlaryny ýerine ýetirmezligi netijesinde zyýan ýetirilmegi, onuň hak isleginiň kanagatlandyrylman galdyrylmagyna esas bolup biler.

8. Iş berijiniň anyk ýagdaýlary göz öňünde tutmak bilen günäkär işgäre ýetirilen zyýany töletdirmekden doly ýa-da bölekleýin boýun gaçyrmaga hukugynyň bardygy Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 229-njy maddasynda görkezilendir.

Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 121-nji maddasyna laýyklykda, iş berijiniň hak isleginden ýüz döndermesini kabul etmeklige şol ýüz döndermäniň kanuna ters gelmeýän we taraplaryň kanun tarapyndan goralýan bähbitleriniň bozulmagyna getirmeýän halatynda ýol berilýändigine kazyýetleriň ünsini çekmeli.

9. Eger-de Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 238-nji maddasynda görkezilen (işgäriň çäklendirilen maddy jogapkärçiligi) esaslar boýunça bildirilen hak isleglere seredilende, işgäriň doly maddy jogapkärçilik çekmekligine getirýän ýagdaýlar anyklansa, hak isleýjiniň razylygy bilen kazyýet, eger onuň hukuklarynyň, azatlyklarynyň we kanun tarapyndan goralýan bähbitleriniň goralmagy üçin, şeýli hem Türkmenistanyň kanunçylygynda göz göz öňünde tutulan beýleki halatlarda jogap berijini ýetirilen zyýany doly töletmäge borçly edip biler, çünki Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 234-nji maddasynda kazyýetlere hak isleginiň çäginden çykmaklyga hukuk berilýär.

10. Ýetirilen zyýany doly töletmek baradaky işlere seredilende, iş beriji Türkmenistanyň Zähmet kodeksine we Türkmenistanyň gaýry kadalaşdyryjy hukuk

namalaryna laýyklykda ýetirilen zyýany doly möçberde töletmeklige işgäri çekip bolýandygyny we onuň zyýany ýetiren wagtynda Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 231-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 1-2-nji we 6-7-nji bentlerinde göz öňünde tutulan halatlarda on sekiz ýaşyna ýetendigini tassyklaýan subutnamalary bermeklige borçludyr.

Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 231-nji maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda, iş berijä ýetirilen zyýanyň doly möçberdäki maddy jogapkärçiligi kärhananyň ýolbaşçysy, ýolbaşçynyň orunbasarlary, baş (uly) hasapçy bilen baglaşylýan zähmet şertnamasy bilen bellenilip bilinýändigini kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

Eger-de ýokarda sanalyp geçilen işgärleri zyýan ýetiren ýagdaýynda doly möçberde maddy jogapkärçilige çekip bolýandygy zähmet şertnamasynda göz öňünde tutulmadyk bolsa we doly maddy jogapkärçilige çekmeklige başga esaslar ýok bolsa, onda olar Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 238-nji maddasynyň 2-nji bendi bilen jogapkärçilige çekilip bilner.

11. Iş beriji bilen işgäriň arasynda Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 232-nji maddasynda göz öňünde tutulan ýörite ýazmaça şertnama baglaşylan halatynda işgär özüne ynanylan emlägiň ýetmezçiligi üçin Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 231-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 2-nji bendi esasynda doly maddy jogapkärçilige çekilip bilner.

Eger-de iş beriji işgär bilen baglaşan doly maddy jogapkärçiligi hakyndaky şertnamanyň kanunylygyny hem-de zyýanyň ýetirilendigini subut etse, işgär zyýanyň ýetirilmeginde öz günäsiniň ýokdugyny subut etmäge borçludyr.

Işgär harsallyk netijesinde emläkleriň zaýalanandygyny ýa-da ýok edilendigini subut etse, onda ol Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 238-nji maddasynyň 1-nji bendi boýunça jogapkärçilige çekilmelidir.

Şonuň ýaly-da bir gezeklikçe resminama boýunça gymmatlyklary alan işgär diňe şol emlägiň ýetmezçiligi üçin Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 231-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 2-nji bendi esasynda doly maddy jogapkärçilige çekilip bilner. Harsallyk netijesinde gymmatlyklaryň zaýalanandygy ýa-da ýok edilendigi üçin işgär ýetirilen zyýanyň möçberinde, ýöne ortaça aýlyk zähmet hakynyň çäginde jogapkärçilige çekilmelidir.

12. Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 231-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 3-nji bendi esasynda doly maddy jogapkärçilige çekmek üçin işgäriň niýetiniň görnüşi boýunça günäsini anyklamaklygyň zerurdygyny we bu meselede subutnamalaryň uly ähmiýetiniň bardygyny kazyýetlere düşündirmeli.

Eger bilkastlaýyn däl-de, harsallyk netijesinde zyýan ýetirilendigi anyklansa we işgäri doly maddy jogapkärçilige çekmeklige başga esaslar tapylmasa, onda ol Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 238-nji maddasynyň 1-nji bendi boýunça jogapkärçilige çekilmelidir.

13. Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 231-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 4-nji bendine laýyklykda, kazyýetiň kanuny güýje giren hökümi bilen anyklanan, jenaýatçylykly hereketler netijesinde ýetirilen zyýan boýunça işgäri doly maddy jogapkärçilige çekip bolýandygyna kazyýetler üns bermelidirler.

Eger-de işgär barada aýyplaw hökümi çykarylyp, soňra ol günä geçme namasy esasynda dolulygyna ýa-da bölekleýin jezasyny çekmekden boşadylan hem bolsa, kazyýetiň kanuny güýje giren höküminiň bardygy sebäpli, onuň Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 231-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 4-nji bendine laýyklykda ýetirilen zyýan boýunça doly maddy jogapkärçilige çekilip bilinýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

Beýan edilen esas boýunça işgäri doly maddy jogapkärçilige çekmek üçin aýyplaw höküminiň zerurdygyny, jenaýat işiniň deslapky derňew döwründe ýa-da kazyýetde bigünälik esaslary boýunça (jenaýatyň wakasynyň, etmişde jenaýatyň düzüminiň ýokdugy, wagt möhletiniň geçendigi, günä geçme namasy edilen etmiş üçin jezanyň ulanylmagyny aradan aýrandygy) ýatyrylmagynyň ýa-da kazyýet tarapyndan aklaw höküminiň çykarylmagynyň, işgäri doly maddy jogapkärçilige çekmek üçin esas bolup bilmeýändigini kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 231-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 4-nji bendi esasynda işgäri doly maddy jogapkärçilige çekip bolmadyk ýagdaýynda, iş berijiniň başga esaslar boýunça ýetirilen zyýany şol işgärden töledip almak hukugy aradan aýrylmaýar.

14. Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 231-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 5-nji bendine laýyklykda, kazyýet ýa-da işi çözmeklige ygtyýarly wezipeli adamyň administratiw temmi bellemek barada çykaran karary esasynda anyklanan, hukuk bozulma netijesinde ýetirilen zyýan boýunça işgäri doly maddy jogapkärçilige çekip bolýandygyna kazyýetler üns bermelidirler.

Eger-de işgär administratiw hukuk tertibini sähelçe bozandygy üçin karar esasynda jogapkärçilikden boşadylyp, dilden tabşyrylan ýagdaýynda, şol işgär ýetirilen zyýan boýunça doly maddy jogapkärçilige çekilip bilner, çünki hukuk tertibini sähelçe bozandygy üçin işgär temmi çäresinden boşadylsa hem, onuň şol hereketleri (ýa-da hereketsizligi) netijesinde zyýanyň ýetendigi doly tassyklanylýar.

Kanunda görkezilen möhletiň geçendigi sebäpli administratiw jogapkärçiligine çekmek mümkinçiligi bolmadyk halatynda, şol esasda işgäre ýeten zyýany doly töletdirip bolmaz. Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 231-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 5-nji bendi esasynda işgäri ýetirilen zyýan boýunça doly maddy jogapkärçilige çekip bolmadyk halatynda, iş berijiniň başga esaslar boýunça ýetirilen zyýany şol işgärden töledip almak hukugy aradan aýrylmaýar.

15. Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 231-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 6-njy bendi esasynda doly maddy jogapkärçilige çekmek meselesi çözülende, kazyýetler işgäriň aýan eden syrynyň Türkmenistanyň kanuny bilen goralýan gulluk, täjirçilik ýa-da başga syrlara degişlidigini, şol syrlaryň işgäre öz zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen aýan bolandygyny, işgäriň şeýle syrlary aýan etmejekdigi barada borçlanandygyny, ýetirilen zyýan bilen şol syryň aýan edilmeginiň arasynda gönüden-göni arabaglanyşygyň bardygyny anyklamalydyrlar.

16. Işgär Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 231-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 8-nji bendi esasynda doly maddy jogapkärçilige çekilende, onuň zyýan ýetiren wagty serhoş, neşe çeken ýa-da kelläni sämediji gaýry ýagdaýda bolandygy lukmanlaryň netijesi, şonuň ýaly-da subutnamalaryň beýleki görnüşleri, şol sanda

şaýatlaryň görkezmeleri bilen tassyklanylyp bilner we şol subutnamalara kazyýetler degişli baha bermelidirler.

17. Kärhana ýetirilen zyýanyň möçberi bellenilen ölçegler boýunça sandan çykanlaryny hasaplaşykdan aýyrmak bilen bazar bahalaryndan ugur alnyp hasapçylyk hasaba alşyň maglumatlarynyň esasynda hakyky ýitgiler boýunça, maddy gymmatlyklar ogurlananda, kem gelende, bilkastlaýyn ýok edilende ýa-da bilkastlaýyn zaýalananda bolsa, zyýan Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen düzgünler boýunça kesgitlenilmelidir. Söwda we jemgyýetçilik iýmiti kärhanalarynda önümleriň we harytlaryň ogurlanmagy ýa-da kem çykmagy bilen ýetirilen zyýanyň möçberi şol önümleri we harytlary satmak (ýerlemek) üçin bellenilen bahalar boýunça kesgitlenilýändigini kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

Emlägiň we beýleki gymmatlyklaryň aýry-aýry görnüşleriniň ogurlanmagy, kem çykmagy ýa-da ýitirilmegi zerarly kärhana ýetirilen zyýanyň hakyky möçberi olaryň başlangyç möçberinden geçýän möçberini kesgitlemegiň, şol sanda birnäçe esse artdyryp kesgitlemegiň-de aýratyn tertibi Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilip bilner.

18. Ýetirilen zyýany töletmek barada arza Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 233-nji maddasy esasynda berlen ýagdaýynda, kazyýetler iş beriji tarapyndan köpçüligiň (brigadanyň) maddy jogapkärçiligi barada kanun tarapyndan göz öňünde tutulan tertibiň berjaý edilendigini we zyýanyň ýetirilen wagtynda işlän hemme işgärlere hak islegiň bildirilendigini anyklamalydyrlar.

Eger-de hak islegi köpçüligiň (brigadanyň) agzalarynyň hemmesine bildirilmedik bolsa, Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 125-nji maddasy esasynda olar işe gatnaşýan adamlaryň haýyşnamasy boýunça jogap beriji tarapyndan üçünji tarap hökmünde çekmelidiklerini we diňe şeýle edilende köpçüligiň (brigadanyň) agzalarynyň hersiniň aýratynlykda jogapkärçiliklerini anyklap boljakdygyny kazyýetlere düşündirmeli.

Şunda birnäçe işgäriň günäsi bilen ýetirilen öwezi dolunýan zyýanyň möçberi olaryň her biriniň günäsiniň anyk derejesini, çekýän maddy jogapkärçiliginiň görnüşini we çägini hasaba almak bilen kesgitlenilmelidigini kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

19. Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 240-njy maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda işgäriň günäsiniň derejesini, anyk ýagdaýlaryny we maddy ýagdaýyny hasaba almak bilen töledilmäge degişli zyýanyň möçberini kazyýetiň azaldyp bilýändigine, ýöne ýetirilen zyýany tölemekden işgäri doly boşatmaga hukuk berilmändigine kazyýetler üns bermelidirler.

Eger zyýan betnebislik maksady bilen amala aşyrylan jenaýat arkaly ýetirilen bolsa, töledilmäge degişli zyýanyň möçberiniň azaldylmagyna ýol berilmeli däldir. Töledilmäge degişli zyýanyň möçberini azaltmak, işgäriň çäklendirilen ýa-da doly maddy jogapkärçilik çekýän halatlarynda ýol berilýär. Bu kada iş beriji bilen köpçülikleýin (brigadalaýyn) maddy jogapkärçilik hakynda ýazmaça şertnama baglaşylan halatynda hem gollanylyp bilner.

20. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň raýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher

kazyýetleri işgäriň maddy jogapkärçiligi barada seredilen işleri öwrenip, kazyýet iş tejribesini umumylaşdyryp durmalydyrlar we göýberilýän ýalňyşlyklary ýüze çykaryp, olary düzetmek boýunça öz wagtynda çäreleri görmelidirler, şeýle hem aşakda durýan kazyýetlere amaly kömek bermek işini yzygiderli alyp barmalydyrlar.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy A.Hallyýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy M.Çaryýew

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 2

2012-nji ýylyň 28-nji iýuly Aşgabat şäheri

Jenaýat işini kazyýet seljerişine bellemek baradaky jenaýat iş ýöredişi kanunçylygynyň talaplarynyň kazyýetler tarapyndan berjaý edilişi hakynda

(25.07.2015 ý. № 2; 08.12.2018 ý. № 7; 18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Türkmenistanyň Jenaýat iş ýöredişi kodeksiniň kabul edilmegi bilen baglylykda kazyýetler tarapyndan jenaýat işini kazyýet seljerişine bellemek baradaky jenaýat iş ýöredişi kanunçylygynyň talaplarynyň dogry we birmeňzeş berjaý edilmegini gazanmak maksadyna eýerip, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy

k a r a r e d ý ä r :

1. Türkmenistanyň Jenaýat iş ýöredişi kodeksiniň 38-nji babynda görkezilen, işi kazyýet seljerişine bellemek bilen bagly zerur iş ýöredişi hereketler ýerine ýetirilip, onuň bilen bagly degişli taýýarlyk işleri geçirilenden soňra jenaýat işine kazyýet seljerişinde seretmeklige girişilmelidigini kazyýetlere düşündirmeli.

2. Jenaýat işini kazyýet seljerişine bellemek baradaky meseläni çözende kazy ýa-da kazyýet işiň materiallaryny öwrenip, Türkmenistanyň Jenaýat iş ýöredişi kodeksiniň 337-nji maddasynda görkezilen soraglary doly aýdyňlaşdyrmalydyr we zerurlygy ýüze çykanda olary çözmelidir.

Eger-de kazyýet mejlisinde seretmäge ýeterlik esaslar bar diýip hasaplan mahalynda, kazy ýa-da kazyýet günäkärlik hakyndaky meseläni öňünden çözmezden, işiň kazyýete gelip gowşan pursatyndan başlap bäş gije-gündizden, çylşyrymly işler boýunça bolsa on dört gije-gündizden gijä goýman, aýyplanýanyň işi boýunça kazyýet seljerişini bellemek hakynda meseläni çözmelidir.

Kazy anyklaýyş we deslapky derňew döwründe iş ýöredişe gatnaşyjylaryň hukuklaryny üpjün etmek boýunça Türkmenistanyň Jenaýat iş ýöredişi kanunçylygynyň ähli talaplarynyň berjaý edilendigi we işe kazyýetde seretmäge päsgel berýän özge esaslaryň ýokdugy barada netijä gelende aýyplanýanyň işi boýunça kazyýet seljerişini bellemek hakynda karar çykarmalydyr.

Kazyýet seljerişini bellemek hakyndaky kararda Türkmenistanyň Jenaýat iş ýöredişi kodeksiniň 335-nji maddasynyň talabyny berjaý etmekden başga-da, kazyýetde işi seredilýäniň kimdigi we oňa Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň haýsy maddasy bilen günä ýöňkelýändigi, ätiýaçsyzlandyryş çäresini öňküligine galdyrmak we ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak boýunça çäreleri görmek, iş

ýöredişe gatnaşyjylaryň haýyşlary we beýleki arzalary boýunça gelnen netije, kazyýetde işi seredilýäniň saýlan adamsyny işe adwokat hökmünde gatnaşdyrmak ýa-da oňa adwokat bellemek, kazyýet seljerişine çagyrylmaga degişli adamlaryň sanawy, kazyýetde işi seredilýäniň işine gaýybana seretmäge kanunda ýol berlen halatynda, onuň ýoklugynda işi diňlemek, kazyýet seljerişiniň geçiriljek ýeri, wagty, işe kazyýetiň açyk ýa-da ýapyk seljerişinde seretmek, ätiýaçdaky oturdaş barada görkezilmelidir.

Eger-de ätiýaçsyzlandyryş çäresini üýtgetmek meselesi, şeýle hem iş ýöredişe gatnaşyjylaryň ynanmazlyk bildirmek bilen bagly haýyşlary iş boýunça kazyýet seljerişini bellemek döwründe ýüze çyksa, oňa kazyýetiň serenjam mejlisinde seredilmelidigine kazyýetler üns bermelidirler.

3. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň eden jenaýatlary, şol sanda aýyplanýanyň işiniň serenjam mejlisinde serediljek wagtyna çenli kämillik ýaşyna ýetendigine garamazdan ýa-da kazy aýyplaw netijenamasynyň mazmuny bilen razylaşmadyk halatynda, jebir çekeniň şikaýaty esasynda gozgalýan jenaýat işleri boýunça jebir çeken aýyplanýan bilen ýaraşanda ýa-da aýyplanýan barada ulanylan ätiýaçsyzlandyryş çäresini üýtgetmek, iş boýunça önümçiligi togtatmak, işi seretmäge kazyýete degişliligi boýunça ibermek, jenaýat işlerini birleşdirmek zerur bolanda kazyýetiň serenjam mejlisi geçirilmelidir.

4. Kazyýet, serenjam mejlisinde aýyplanýanyň işi boýunça kazyýet seljerişini bellemek hakyndaky meseläni çözmek bilen birlikde aýyplawyň aýry-aýry böleklerini aýyplaw netijenamasyndan aýyrmaga ýa-da has ýeňil jenaýat hakyndaky jenaýat kanunyny ulanmaga haklydyr, ýöne aýyplawyň kesgitlenen düýp manysyny üýtgetmäge hukugy ýokdur.

Aýyplawyň aýry-aýry böleklerini aýyrmak ýa-da başga jenaýat kanunyny ulanmak hakyndaky çözgüt serenjam mejlisiniň kesgitnamasynda delillendirilmelidir.

5. Serenjam mejlisinde jenaýat işine kazydan we kazyýetiň iki oturdaşyndan ybarat düzümde seredilmelidir. Serenjam mejlisiniň geçiriljek ýeri we wagty hakynda prokurora we işe gatnaşmaga haýyş bildiren ygtyýarly adwokata habar berilmelidigini, ýöne serenjam mejlisine şaýatlaryň we bilermenleriň çagyrylmagyna ýol berilmeýändigini kazyýetler üns bermelidirler. Wagtynda habar berlen iş ýöredişe gatnaşyjylaryň kazyýetiň serenjam mejlisine gelmezligi, işe olaryň ýoklugynda seredilmegine päsgelçilik döretmeýär.

Serenjam mejlisinde adwokatyň we prokuroryň çykyş etmeklige hukuklarynyň bardygyny we onda seredilen meseleler boýunça kesgitnamanyň maslahat otagynda çykarylmalydygyny kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

Kazyýet serenjam mejlisinde aýyplanýanyň işi boýunça kazyýet seljerişini bellemek, işi goşmaça derňew geçirmek üçin gaýtarmak, iş boýunça önümçiligi ýatyrmak, togtatmak, işi seretmek üçin kazyýete degişliligi boýunça ibermek, jenaýat işlerini birleşdirmek hakynda kesgitnama çykarmaklyga haklydyr.

Jenaýat işi boýunça serenjam mejlisi geçirilende, zerur bolan halatynda Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 120-nji maddasynda görkezilen talaplar berjaý edilip teswirnama düzülmelidir we oňa başlyklyk ediji we kätip tarapyndan gol çekilmelidir.

6. Kazyýet gelip gowşan jenaýat işiniň şol kazyýetiň seretmegine degişli däldigini anyklasa, oňa serenjam mejlisinde seredip, şeýle çözgüdiň hukuk esaslaryny we işiň iberilýän kazyýetini görkezmek bilen kesgitnama çykaryp, bu hakda iş ýöredişe gatnaşyjylara habar bermelidir. Bellenen tertipde bir kazyýetden başga kazyýete iberilen her bir iş onuň iberilen kazyýeti tarapyndan önümçilige gürrüňsiz kabul edilmelidir.

Işiň haýsy kazyýete degişliligi hakynda kazyýetleriň arasynda jedel ýüze çykan halatynda şol meseläniň ýokarky kazyýet tarapyndan çözülýändigine we onuň çözgüdiniň gutarnyklydygyna hem-de şikaýat edilmäge degişli däldigine kazyýetler üns bermelidirler.

Türkmenistanyň Jenaýat iş ýöredişi kodeksiniň 68-nji maddasy we 330-njy maddasynyň 3-nji bölegi esasynda jenaýat işi degişli kazyýete iberilende, agzalan kodeksiň 337-nji maddasynda görkezilen soraglary çözmeklik işi ýollaýan kazyýet tarapyndan däl-de, iş iberilen kazyýet tarapyndan çözülmäge degişlidir.

Işi kazyýete degişliligi boýunça ibermek hakyndaky kesgitnamadan başga, beýleki kesgitnamalaryň her birinde kazyýet ätiýaçsyzlandyryş çäresiniň öňküligine galdyrylandygyny, üýtgedilendigini, ýatyrylandygyny ýa-da ulanylandygyny görkezmäge borçludyr.

7. Kazy ýa-da kazyýet Türkmenistanyň Jenaýat iş ýöredişi kodeksiniň 337-nji maddasynyň 13-nji bendini gollanyp, her bir aýyplanýanyň arzalarynyň, haýyşlarynyň we eden şikaýatlarynyň kanagatlandyrylmaga degişlidigini aýdyňlaşdyrmalydyr. Şunda kazyýetler barlagy talap etmeýän (mysal üçin, gyzyklanýan adamlary hem-de jemgyýetçilik birleşikleriniň wekillerini işe gatnaşmaga goýbermek, işi başga kazyýete ibermek, goşmaça subutnamalary talap edip almak, ätiýaçsyzlandyryş çäresini üýtgetmek, raýat hak islegi we ony üpjün etmegiň çäreleri baradaky) esaslandyrylan haýyşlara seretmäge borçludyrlar. Haýyşyň çözülişiniň netijeleri barada kazy karar we kazyýet kesgitnama çykaryp, haýyşy bildiren adama ýa-da gurama habar bermelidir. Haýyşy kanagatlandyrmakdan ýüz döndermek baradaky kararyň ýa-da kesgitnamanyň şikaýat edilmäge degişli däldigine, ýöne kazyýet mejlisinde täzeden şol haýyşyň bildirilip bilinýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

8. Jenaýat işi kazyýete gelip gowşandan we kazyýet seljerişini bellemek meselesi çözülenden soň, işiň ähli materiallary bilen goşmaça tanyşmak, olardan zerur bolan maglumatlary göçürip almak barada iş ýöredişe gatnaşyjylardan haýyş gelende, kazyýetler olara şeýle mümkinçiligi döretmelidirler.

Eger-de şeýle haýyş kazyýetiň serenjam mejlisinde bildirilende, ol seredilmäge degişlidir we kanagatlandyrylan ýagdaýynda işe seretmeklik başga möhlete gaýra goýulmalydyr. Şunda, Türkmenistanyň Jenaýat iş ýöredişi kodeksiniň 349-njy maddasynda göz öňünde tutulan möhletler berjaý edilmelidir.

Jenaýat işiniň materiallary bilen goşmaça tanyşdyrylandygy barada haýyş bildirenden dil haty alynmalydyr.

9. Gelip gowşan jenaýat işi boýunça kazyýet jenaýat netijesinde ýetirilen zyýanyň öwezini dolmagy we emlägiň mümkin boljak muzdsuz alynmagyny üpjün edýän çäreleriň görlendigini anyklamalydyr.

Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 337-nji maddasynyň 11-nji bendini we 344-nji maddasyny gollanyp, kazyýet iş ýöredişe gatnaşyjylaryň haýyşy ýa-da öz başlangyjy boýunça jenaýat netijesinde ýetirilen zyýanyň öwezini dolmagy we emlägiň mümkin boljak muzdsuz alynmagyny üpjün edýän çäreleri görmäge borçludyr. Eger-de aýyplanýana degişli ýa-da olaryň hereketi üçin kanun boýunça maddy jogapkär adamlarda ýa-da beýleki adamlarda saklanýan emlägiň jenaýatly ýol bilen edinilendigine ýa-da şol emlägiň jenaýaty amala aşyrmakda ulanylandygyna ýeterlik esas bar diýip hasaplan ýagdaýynda, emlägi gozgamasyz etmek barada kazy karar, kazyýet kesgitnama kabul etmäge haklydyr.

Aýyplanýanyň emlägini gozgamasyz etmek baradaky meseläni çözende, kazyýetiň jenaýat işde we taraplaryň beren materiallarynda gozgamasyz etmäge degişli aýyplanýanyň pul serişdeleri, gymmat bahaly emläkleri baradaky maglumatyň bardygyny barlamagy zerurdyr.

Anyklaýyş edarasy, sülçi ýa-da prokuror jenaýat netijesinde ýetirilen zyýanyň öwezini dolmagy we emlägiň mümkin boljak muzdsuz alynmagyny üpjün edýän çäreleri görmedik mahalynda, eger şeýle çäreler gönüden-göni kazyýet tarapyndan görlüp bilinmejek bolsa, onda kazy ýa-da kazyýet olary üpjün edýän zerur çäreleri görmäge degişli jenaýat yzarlaýyş edaralaryny borçly etmäge hukugy bardyr.

10. Kazyýet seljerişine çagyrylmaga degişli, taraplaryň teklip eden adamlarynyň sanawy baradaky mesele çözülende, kazyýet işiň materiallaryny öwrenip, öz başlangyjy boýunça başga adamlary, mysal üçin deslapky derňew döwründe netijenama beren bilermeni kazyýet mejlisine sorag etmek üçin çagyrmaga haky bardyr.

Eger aýyplanýanyň işi boýunça kazyýet seljerişini bellemek hakyndaky mesele çözülende ätiýaçsyzlandyryş çäresi, kazyýete çagyrylmaga degişli adamlaryň sanawy ýa-da bildirilen aýyp üýtgedilen bolsa, onda kazyýetde işi seredilýäne kazyýetiň serenjam mejlisiniň kesgitnamasynyň göçürilen nusgasy gowşurylmalydyr.

11. Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 342-nji maddasynyň 4-nji bölegindäki aýyplaw netijenamasynyň şol Kodeksiň 239-njy we 322-nji maddalarynyň talaplary bozulyp düzülen diýlip, iş boýunça kazyýete dogry çözgüt kabul etmeklige kynçylyk döredýän aýyplaw netijenamasyna düşünilmelidir. Muňa mysal edip aýyplaw netijenamasynda beýan edilen aýybyň aýyplanýan hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekmek baradaky kararda görkezilen aýba gabat gelmezligini, aýyplaw netijenamasynda sülçiniň we anyklaýyş edarasynyň anyklaýjysynyň golunyň ýoklugyny ýa-da onuň prokuror tarapyndan tassyklanmazlygyny, aýyplaw netijenamasynda aýyplanýanyň familiýasynyň, adynyň, atasynyň adynyň, doglan wagtynyň, ozalky aýrylmadyk iş kesilenlik aýby baradaky maglumatlaryň görkezilmezligini, jebir çeken hakyndaky maglumatlaryň ýoklugyny, aýyplanýana aýyplaw netijenamasynyň ene dilinde ýa-da onuň bilýän başga dilinde terjime edilen görnüşinde gowşurylmazlygyny we ş.m. görkezip bolar.

Kazyýet aýyplaw netijenamasynyň kanunyň talabyna laýyklykda düzülmändigini anyklasa, işe bäş gije-gündiziň, çylşyrymly işler boýunça on dört

gije-gündiziň dowamynda serenjam mejlisinde seredip, kesgitnama esasynda aýyplaw netijenamasyny gaýtadan düzmek üçin işi prokurora gaýtarmalydyr.

Jenaýat işini kazyýete iberen prokuror şol jenaýat işi kazyýetiň önümçiligine kabul edilmänkä ony yzyna almaga haklydyr.

Eger-de kazyýet iş boýunça Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 342-nji maddasynyň 1-nji böleginde görkezilen, kazyýet derňewi dowamynda üsti ýetirilip bilinmejek düýpli kemçilikleriň bardygyny anyklan ýagdaýynda, onda öz başlangyjy ýa-da taraplaryň haýyşy boýunça işi goşmaça anyklaýyş ýa-da deslapky derňew geçirmek üçin prokurora gaýtarmaga haklydyr.

Şunda kazyýet öz kesgitnamasynda işiň haýsy esas boýunça yzyna gaýtarylýandygyny, goşmaça anyklaýyşda ýa-da deslapky derňewde takyk haýsy ýagdaýlaryň anyklanylmalydygyny görkezmäge, aýyplanýan barada ätiýaçsyzlandyryş çäresi hakyndaky meseläni çözmäge borçludyr. Kazyýetiň kesgitnamasy güýje girenden soňra, iş prokurora gaýtarylmalydyr. Eger-de aýyplanýan tussag astynda saklanýan bolsa, ugradyş hatynda tussag astynda saklanýan aýyplanýanyň prokuraturanyň hasabyna geçirilýändigi barada bellik edilmelidir.

Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 443-nji maddasynyň ikinji böleginde görkezilenlerden başga ýagdaýlarda, birinji basgançakly kazyýetiň kesgitnamasyna we kazynyň kararyna Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 436-njy maddasynda görkezilen adamlar tarapyndan hususy şikaýat, teklipnama getirilip bilinýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

12. Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 308-nji maddasynyň 1-nji böleginde göz öňünde tutulan esaslar bar mahalynda we bilermenler seljermesi bellenilen halatynda iş boýunça önümçiligi togtatmak hakynda karar ýa-da kesgitnama çykarylýandygyna kazyýetler üns bermelidirler.

Eger iş boýunça kazyýet seljerişini bellemek hakyndaky meselä seredilýän wagtynda aýyplanýanyň gaçyp gizlenendigi we onuň bolýan ýeriniň nämälimdigi aýdyňlaşdyrylsa, kazyýetiň serenjam mejlisinde aýyplanýan gözlenip tapylýança iş boýunça önümçiligi togtatmak hakynda kesgitnama çykarylmalydyr.

Kazyýetiň kesgitnamasy aýyplanýany gözläp tapmak üçin içeri işler edaralaryna, onuň göçürilen nusgasy bolsa gözläp tapmak işiniň geçirilişine gözegçiligi amala aşyrmak üçin prokurora iberilmelidir.

Aýyplanýanyň kazyýete gelmegine mümkinçilik bermeýän, emma bejerip boljak agyr we uzak wagta çekýän kesel bilen keselländigi kazyýet-lukmançylyk ýa-da kazyýet-psihiatriýa bilermenler seljermesiniň netijenamasy boýunça ykrar edilen mahalynda, kazyýet aýyplanýan sagalýança jenaýat işi boýunça önümçiligi togtatmalydyr.

Jenaýat işiniň togtadylmagyna sebäp bolan ýagdaýlaryň aradan aýrylmagy (aýyplanýanyň bolýan ýeri anyklanyp, onuň saklanylmagy, aýyplanýanyň saglyk ýagdaýynyň oňatlaşandygy sebäpli kazyýet mejlisine gatnaşyp bilmegi we ş.m.) işiň önümçilikden dikeldilmegine esasdyr. Şeýle ýagdaýda jenaýat işini önümçilikden dikeltmek we ony kazyýet mejlisinde seretmeklige bellemek barada karar ýa-da kesgitnama kabul edilip, ol barada iş ýöredişe gatnaşyjylara habar berilmelidir.

13. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 113-nji maddasynda, şeýle hem 131-nji maddasynyň birinji böleginde göz öňünde tutulan jenaýatlar hakyndaky işler boýunça, iş kazyýete gelip gowşandan soňra kazy jebir çekeni we aýyplanýany çagyryp, olaryň ýaraşmagy üçin çäreleri görmelidir. Olar ýaraşan halatynda we aýyplanýan jebir çekene ýetiren zyýanyny düzetse, kazyýet Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 346-njy maddasynyň birinji bölegine laýyklykda işi önümçilikden ýatyrmalydyr. Ýaraşyk gazanylmadyk halatynda, kazy ýa-da kazyýet umumy tertipde aýyplanýanyň işi boýunça kazyýet seljerişini bellemek hakyndaky meseläni çözmelidir.

Eger-de prokuror kazyýetiň serenjam mejlisinde ozalky bildirilen aýyby diňe jebir çekeniň şikaýaty esasynda gozgalmaga degişli jenaýata üýtgeden ýagdaýynda hem kazyýet jebir çekeni mejlise çagyryp, onuň aýyplanýanyň jenaýata çekilmegi ýa-da çekilmezligi baradaky pikirini anyklamalydyr. Jebir çekeniň pikirinden ugur alyp, kazyýet Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 31-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 7-nji bendi esasynda, ýaraşyk gazanylan ýagdaýynda işi önümçilikden ýatyrmak, beýleki ýagdaýlarda oňa umumy tertipde seretmek barada netijä gelmelidir.

14. Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 346-njy maddasynda kazyýetiň serenjam mejlisinde jenaýat işini ýa-da jenaýat yzarlawyny ýatyrmaklygyň esaslarynyň we tertibiniň anyklanandygyny göz öňünde tutup, kazyýet öz başlangyjy ýa-da iş ýöredişe gatnaşyjylaryň haýyşy boýunça jenaýat işini ýatyrmaklyga esas berýän ýagdaýlaryň bardygyny anyklamaga haklydyr.

Kazyýetiň serenjam mejlisinde Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 31-nji maddasynyň birinji böleginde we 33-nji maddasynyň birinji böleginiň 1-nji bendinde, şeýle-de Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 71-nji maddasynda göz öňünde tutulan esaslara görä jenaýat işi ýatyrylyp bilner. Şunda kazyýet ätiýaçsyzlandyryş çäresini, raýat hak islegini we emläginiň muzdsuz alynmagyny üpjün etmeginiň çärelerini ýatyrmalydyr we maddy subutnamalar hakyndaky meseläni çözmelidir. Jenaýat işini ýatyrmak hakynda kazyýetiň kesgitnamasynyň göçürilen nusgasy prokurora iberilmäge, şeýle hem jenaýat jogapkärçiligine çekilen adama we jebir çekene gowşurylmaga degişlidir.

Kazyýet Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 70-nji we 72-nji maddalarynda görkezilen esaslar boýunça jenaýat işini ýatyrmaga haklydyr.

Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 31-nji maddasynyň birinji böleginiň 3-nji we 4-nji bentlerinde görkezilen esaslar boýunça işi ýatyrmaga aýyplanýan garşy çykýan ýagdaýynda, şol esaslara gollanyp işi ýatyrmaga ýol berilmeýändigini kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar. Şunuň ýaly bolan halatynda iş boýunça önümçilik adatdaky tertipde dowam etdirilmäge degişlidir.

15. Eger aýyplanýan öňki işleýän wezipesinde galan halatynda jenaýat işiniň derňelmegine we kazyýetde seljerilmegine, jenaýatyň netijesinde ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunmagyna päsgel berer ýa-da eýeleýän wezipesi bilen baglylykda jenaýatly hereketleri dowam eder diýmäge ýeterlik esaslar bar bolsa we şol mesele anyklaýjy, sülçi, prokuror tarapyndan çözülmedik halatynda, kazy ýa-da kazyýet iş boýunça kazyýet seljerişini bellemek hakyndaky meseläni çözen mahalynda,

delillendirilen karar ýa-da kesgitnama esasynda ony wezipesinden wagtlaýyn çetleşdirmäge haklydyr.

Wezipeden wagtlaýyn çetleşdirmek hakyndaky karary ýa-da kesgitnamany alan ýolbaşçy üç gije-gündiziň dowamynda onuň ýerine ýetirlendigi barada kazyýeti habarly etmelidir.

16. Kazyýetiň serenjam mejlisinde Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 31-nji maddasynyň birinji böleginiň 1-nji we 2-nji bentleri esasynda iş ýatyrlan halatynda aýyplaw hökümiň çykarylmaýandygy sebäpli, iş ýörediş harajatlaryna degişli çykdajylary tölemeklige aýyplanýany borçly edip bolmaýandygyny, şol harajatlaryň döwletiň hasabyna tölenilýändigini kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

17. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri işlere nägilelik ýa-da gözegçilik tertibinde seredenlerinde, jenaýat işini kazyýet seljerişine bellemek baradaky kesgitnamalaryň, kararlaryň kanuny we esasly bolmagyna degişli gözegçiligi üpjün etmelidirler.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy A.Hallyýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy M.Çaryýew

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 3

2012-nji ýylyň 28-nji iýuly Aşgabat şäheri

Nikany bozmak baradaky işlere seredilende Türkmenistanyň kazyýetleri tarapyndan kanunçylygyň ulanylyşynyň iş tejribesi hakynda

(19.04.2014 ý. № 3; 25.07.2015 ý. № 2; 16.07.2016 ý. № 4; 26.08.2017 ý. № 3; 08.12.2018 ý. № 7; 17.10.2020 ý. № 11; 18.12.2021 ý. № 12; 18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3; 19.07.2025 ý. № 4, 18.10.2025 ý. № 10; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen)

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe maşgala gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän kanunçylyk namalarynyň kämilleşmegi netijesinde Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň kabul edilmegi bilen baglylykda we kazyýetler tarapyndan nikany bozmak baradaky işlere dogry seredilmegini üpjün etmek maksady bilen, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy

k a r a r e d ý ä r:

1. Türkmenistanyň maşgala kanunçylygynyň maşgalany berkitmek, är-aýalyň, çagalaryň hukuklaryny, kanuny bähbitlerini goramak boýunça bildirýän talaplaryny berjaý etmek maksady bilen nikany bozmak hakyndaky işlere seredilende maşgalany saklamak üçin ähli çäreleri (är-aýal we olaryň garyndaşlary bilen gürrüňdeşlik geçirmek, ýaraşmaklary üçin olara möhlet bermek we ş.m.) görmelidiklerine kazyýetler üns bermelidirler.

Nikany bozmak baradaky raýat işlerine maşgala işleri boýunça kazy, olaryň wezipesi bolmadyk ýa-da maşgala işleri boýunça kazy bolmadyk halatynda bolsa, beýleki kazylar tarapyndan umumy tertipde maşgala raýat işi hökmünde seredilmelidir.

2. Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 23-nji maddasynyň talabyna görä, aýaly göwreli döwründe ýa-da är-aýalyň eklenjinde bir ýaşyna ýetmedik çagasy bolanda äriniň, şeýle hem eger är-aýalyň biri hossar bolsa, kämillik ukyby ýok adamyň hossarynyň arzasy boýunça nikanyň bozulmagyna ýol berilmeýändigine kazyýetleriň ünsini çekmeli.

Nikany bozmak hakyndaky işiň seredilmegine göwreli döwründe ýa-da eklenjinde bir ýaşyna ýetmedik çagasy bolanda aýalyň razylygy bolmasa, şeýle hem eger är-aýalyň biri hossar bolsa, kämillik ukyby ýok adamyň hossarynyň arzasy esasynda berlen hak isleýiş arzasyny kazy kabul etmekden ýüz döndermek, eger-de arza kabul edilen bolsa, iş boýunça önümçiligi bes etmek barada kesgitnama kabul etmelidir.

3. Kämillik ýaşyna ýetmedik we zähmete ukypsyz kämillik ýaşyna ýeten

umumy çagalary bolmadyk, şeýle hem bilelikde edinilen emlägi bölmek, zähmete ukypsyz mätäç bolan ärini (aýalyny) ekläp-saklamak üçin serişdäni töletmek hakynda jedel bolmadyk mahalynda, nikany bozmak är-aýalyň bilelikdäki arzasy esasynda RÝNÝ edarasy tarapyndan geçirilýär.

Eger-de är-aýalyň kämillik ýaşyna ýetmedik we zähmete ukypsyz kämillik ýaşyna ýeten umumy çagalary bolsa, ýa-da olaryň bilelikde edinen emlägini bölmek, zähmete ukypsyz mätäç bolan ärini (aýalyny) ekläp-saklamak üçin serişdeleri töletmek hakynda jedeli bolanda, ýa är-aýalyň biriniň nikanyň bozulmagyna razylygy bolmasa, şeýle hem kazyýet tarapyndan kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen adamyň nikasynyň bozulmagy hakynda onuň hossarynyň arzasy boýunça (Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 23-nji maddasynyň 1-nji we 2-nji böleklerinde we 25-nji maddasynyň 4-nji bölegінde göz öňünde tutulan halatlar muňa degişli däldir), ýa-da jenaýat edenligi üçin azatlykdan mahrum etmeklige iş kesilen tarapyndan nikasyny bozmak barada arzasy bolanda, nikany bozmak hakyndaky işlere kazyýet tarapyndan seredilmelidir.

Äri (aýaly) RÝNÝ edarasynda nikany bozmaklyga razy bolup, şol edara barmakdan boýun gaçyran ýagdaýynda (degişli arzany bermekden ýüz dönderen ýa-da arzany berse hem, soňra nikany bozmaklygy bellige almak üçin RÝNÝ edarasyna barman, nikanyň bozulmagyna razy däldigi barada arza beren bolsa we ş.m.) hem nikany bozmak hakyndaky hak isleýiş arzasy kazyýetde seredilmäge degişlidir.

4. Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 25-nji maddasynyň 4-nji bölegіniň 2-nji bendinde göz öňünde tutulan, kazyýet tarapyndan kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen adam bilen RÝNÝ edarasynda nikany bozmak baradaky tertibiň, spirtli içgileri ýa-da neşe serişdelerini öte köp ulanýandygy üçin kämillik ukyby çäklendirilen adam bilen nika bozulanda ulanylmaga degişli däldir. Kämillik ukyby çäklendirilen adamlara bildirilen hak islegler, şonuň ýaly-da olaryň bildiren hak islegleri boýunça nikany bozmak kazyýetde umumy tertipde seredilmäge degişlidir.

4[1]. Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 25-nji maddasynyň 4-nji bölegіniň 3-nji bendinde göz öňünde tutulan, är-aýalyň biriniň arzasy boýunça nikanyň bozulmagy, är-aýalyň kämillik ýaşyna ýetmedik we kämillik ýaşyna ýeten zähmete ukypsyz umumy çagalarynyň bolmagyna garamazdan, eger är-aýalyň beýlekisi jenaýat edendigi üçin azyndan üç ýyl möhlet bilen azatlykdan mahrum etmeklige iş kesilen bolsa, onda nikanyň bozulmagynyň RÝNÝ edarasy tarapyndan geçirilýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2024-nji ýylyň 2-nji ýanwaryndaky 834-nji belgili karary bilen tassyklanan “Raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet belligine alynmagynyň tertibi hakynda” Düzgünnamanyň 41-nji bendine laýyklykda, nikany bozmak hakynda arzany kabul eden RÝNÝ edarasy üç iş gününiň dowamynda jenaýat edendigi üçin azyndan üç ýyl möhlete azatlykdan mahrum etmeklige iş kesilen ärine (aýalyna) gelip gowşan arza, nikany bozmak we nikanyň bozulmagyny döwlet belligine almak üçin bellenilen sene hakynda habar berýändigini, eger jenaýat edendigi üçin azyndan üç ýyl möhlete azatlykdan mahrum etmeklige iş kesilen äri (aýaly) tarapyndan nikany bozmak hakynda arzanyň berlen gününden iki aý geçmänka, ýagny nikany bozmak we nikanyň bozulmagyny döwlet belligine

almak üçin bellenilen seneden gijä galman özünde çagalar hakynda, bilelikdäki emlägi bölmek hakynda, zähmete ukypsyz mätäç bolan ärini (aýalyny) ekläp-saklamak üçin serişdeleri tölemek hakynda jedeliň bardygy barada habar gelip gowuşsa, RÝNÝ edarasynyň nikany bozmakdan ýüz dönderýändigini, galan halatlarda, şol sanda iş kesileniň nikanyň bozulmagyna garşydygyna garamazdan, RÝNÝ edarasy tarapyndan nika bozulýandygyny kazyýetlere düşündirmeli.

Şunda jenaýat edendigi üçin azyndan üç ýyl möhlet bilen azatlykdan mahrum etmeklige iş kesilen är-aýalyň beýlekisiniň razylygynyň ýokdugy sebäpli, RÝNÝ edarasy tarapyndan nikanyň bozulmagynyň geçirilmeginden ýüz dönderilen halatynda, kazyýetde agzalan görnüşli arzalara raýat önümçiliginde hak isleýiş tertibinde seredilmän, RÝNÝ edaranyň ýüz döndermegine şikaýat görnüşinde seredilmelidigine kazylaryň ünsi çekilmelidir.

5. Azatlykdan mahrum etmeklige iş kesilen adam bilen nikany bozmak hakyndaky işlere seretmeklik kazyýete degişli bolan halatynda, kazyýetde degişliligi hakyndaky umumy düzgünler berjaý edilmelidir. Eger azatlykdan mahrum etmeklige iş kesilen adam bilen nikany bozmak baradaky hak isleýiş arzasy kazyýet tarapyndan önümçilige kabul edilende, Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 38-nji maddasyna laýyklykda, şol adamyň iş kesilmänkä soňky ýaşan ýerinden ugur alynmalydyr ýa-da Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 39-njy maddasynyň 9-njy bölegine laýyklykda, jenaýat edendigi üçin azyndan üç ýyl möhlete azatlykdan mahrum etmäge iş kesilen adam bilen nikany bozmak hakyndaky hak islegi, hak isleýjiniň ýaşaýan ýeri boýunça bildirilip bilinýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

6. Ýaşaýan ýeri näbelli bolan adam bilen nikany bozmak hakyndaky hak islegi hak isleýjiniň saýlap almagy boýunça jogap berijiniň emläginiň ýerleşýän ýeri ýa-da onuň iň soňky ýaşan ýeri boýunça, haçanda hak isleýjiniň eklenjinde kämillik ýaşyna ýetmedik çagalary bolanda ýa-da saglyk ýagdaýy sebäpli jogap berijiniň ýaşaýan ýerine barmagy kyn bolanda, arza berijiniň ýaşaýan ýeri boýunça hem bildirilip bilner (Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 39-njy maddasynyň 1-nji we 10-njy bölekleri).

7. Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 25-nji maddasynyň 4-nji böleginiň 1-nji bendine laýyklykda, nam-nyşansyz giden adam bilen nikany bozmak RÝNÝ edarasynda geçirilýär.

Şonuň üçin, ýaşaýan ýeri barasynda bir ýylyň dowamynda maglumat bolmadyk adam barada hak islegi bilen ýüz tutulanda, kazy ýüz tutan äre (aýala) raýaty nam-nyşansyz giden diýip ykrar etmegiň tertibini düşündirmelidir.

Eger-de äri (aýaly) şol adamy nam-nyşansyz giden diýip ykrar etmek hakyndaky arza bilen ýüz tutmak islemese, kazy hak isleýiş arzany kabul etmekden ýüz döndermäge haksyzdyr we oňa umumy tertipde seretmelidir.

8. Nikany bozmak hakyndaky hak isleýiş arzanyň mazmuny Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 149-njy maddasynyň talaplaryna laýyk gelmelidir. Arzada nikanyň haçan we haýsy edarada bellige alnandygy, är-aýalyň bile ýaşan döwürleri çagalarynyň doglandygy ýa-da ýokdugy, çagalarynyň ýaşlary we olary eklemek hem-de terbiýelemek barada är-aýalyň arasynda ylalaşyga gelnendigi ýa-da gelinmändigi, nikany bozmak hakyndaky hak islegi bilen ýüz tutmaga sebäp

bolan esaslar, är-aýalyň bile ýaşamagy we maşgalanyň saklanyp galmagy mümkinçiliginiň aradan aýrylandygy barada nikany bozmagyň sebäpleri we ony tassyklaýan subutnamalar anyk görkezilmelidir, şeýle hem şol hak islegi bilen bir wagtda seredilmäge degişli başga hak islegleri görkezilmelidir. Arzanyň ýanyna nika baglaşylandygy hakynda şahadatnamanyň asyl nusgasy, çagalaryň dogluş hakyndaky şahadatnamalarynyň göçürilen nusgalary, är-aýalyň aýlyk gazançlary we girdejileri barada güwä hatlary, şeýle hem başga zerur resminamalar goşulmalydyr.

Nikany bozmak hakynda işe kazyýet tarapyndan Türkmenistanyň raýat iş ýörediş kanunçylygynda bellenilen maşgala işleri boýunça önümçiligiň kadalary bilen birlikde hak islegi önümçiligi tertibinde seredilmelidir.

9. Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 26-njy maddasynyň 4-nji böleginiň birinji bendindäki nikanyň kazyýet tarapyndan mundan beýläk är-aýalyň bile ýaşamagynyň we maşgalanyň saklanyp galmagynyň mümkin däldigi barada netijä gelnende bozulýandygy barada görkezilenlere esaslanylanda, kazyýetleriň maşgala bitewiligini saklamaklyga borçly edilýändigine, onuň üçin bolsa olaryň ýaraşmaklary üçin ähli çäreleriň görülmelidigine ünsüni çekmeli. Oňa görä-de, nikany bozmak hakyndaky işler boýunça işi kazyýet seljerişine bellemezden ozal, düzgün bolşy ýaly, işi kazyýet seljerişine taýýarlamak hakynda delillendirilen kesgitnama çykarmalydyr we onda şu hereketleriň edilmegi göz öňünde tutulmalydyr:

- hak islegiň delillerine degişlilikde taraplara nikanyň bozulmagy üçin esaslar we kazyýet iş tejribesinde olaryň ulanylyşy düşündirilmelidir;

- är-aýaly kazyýete çagyryp olar bilen hak islegiň delilleri boýunça taraplaryň ikisiniň hem pikirini diňlemek bilen, olar bilen söhbetdeşlik geçirmeli hem-de nikany bozmagyň sebäplerini deslapdan aýdyňlaşdyrmaly, taraplaryň ýaraşmagy üçin her bir işiň aýratynlyklaryndan (maşgalanyň ýaşaýyş şertleri, maşgala agzalaryň özara gatnaşygy, çagalaryň iň gowy bähbitleriniň üpjün edilmegi, işe jemgyýetçilik wekilleriniň çekilmegi we beýleki ölçegler) ugur alyp, zerur çäreleri görmeli hem-de nikany bozmaklygyň hakykat ýüzünde başga maksatlar üçin ulanylmagyna ýol bermezlik üçin degişli işleri geçirmeli, şeýle hem söhbetdeşligi olaryň gozgalýan meselä bolan garaýyşlaryny maşgala gatnaşyklaryndaky at-abraý ündewlerine ýykgyn edilmeginiň bähbitleri, doly maşgalada terbiýelenýän çagalaryň ruhy sagdynlygy, nikanyň bozulan ýagdaýynda kämillik ýaşyna ýetmedik çagalaryň kemala gelmegi, ýeterlik derejede üpjün bolmadyk maddy üpjünçiligi, doly däl maşgalada terbiýelenýän we ýaşaýan çaganyň ösüp ulalmagy, aň-düşünjesi, maşgala, är-aýallyga, atalyga we enelige, durmuşa garaýşy, deň-duşlarynyň ýanyndaky özüni sussy pes saýmagy, kemsinmegi, gelejekde maşgala gatnaşyklary bilen bagly ýüze çykyp biljek jedeller, ol ýagdaýlara çagalaryň garaýşy, ata-babalardan gelýän maşgala gymmatlygyna bolan ar-aýalyň bir-birlerine, dogan-garyndaşlaryna, çagalara bolan ýokary garaýyşlary, maşgala durmuşynda är-aýalyň häsiýetleriniň umumylyklara ymtylyşy we düýpli esas bolmadyk halatynda olaryň umumy ýörelgelere kybapdaş bolmagy we gaýry ýagdaýlar bilen baglanyşdyrmak arkaly är-aýalyň ýaraşmak mümkinçiliginiň maksatlary üçin peýdalanylmalydyr;

- nikanyň bozulmagy hakynda işler boýunça jedeliň ýüze çykmagynyň sebäplerini seljerip, är-aýalyň we çagalaryň arasyndaky maşgala gatnaşyklarynyň

saklanyp galmagy üçin düşünişmezlikleri çözmek we taraplary ylalaşdyrmak maksady bilen, kazyýet psihologyň maslahatyny bellemek meselesini çözmelidir we ony geçirmegiň tertibini kesgitlemelidir, muňa Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 27^1-nji maddasynda göz öňünde tutulan möhlet bellenilmezden kazyýet tarapyndan nikanyň bozulýan ýagdaýlary degişli däldir.

- zerur hasap edilen halatynda gürrüňdeşlige olaryň ýakyn garyndaşlary, ýaşaýyş toplumynyň taraplaryň hormat goýýan abraýly ýaşulylarynyň biri gatnaşdyrylyp bilner. Taraplaryň pikirine garamazdan, işiň oňyn çözgüdiniň bähbidinden ugur alyp kazyýet mejlisine hem şol adamlaryň ýa-da jemgyýetçiligiň wekiliniň çagyrylmagy baradaky meselä hem seretmelidir;

- eger maşgala gatnaşyklarynyň bozulmagyna üçünji bir adamyň täsiri ýeten hasap etmeklige esas bar bolsa we taraplaryň ýaraşmagyna oňyn täsir eder diýen netijä gelnende, şol adam hem aýratynlykda gürrüňdeşlige çagyrylyp bilner.

Şeýle-de iş ýöredişiň şu tapgyrynda kazy, är-aýalyň arasynda başga jedeliň bardygyny ýa-da ýokdugyny aýdyňlaşdyrmalydyr we nikany bozmak hakyndaky hak islegi bilen bir wagtda başga nähili talaplaryň bildirilýändigini düşündirmelidir.

10. Kazyýet nikany bozmak baradaky hak islegi bilen bir wagtda kämillik ýaşyna ýetmedik we zähmete ukypsyz kämillik ýaşyna ýeten çagalaryň nika bozulandan soň är-aýalyň haýsy biriniň ýanynda ýaşamalydygyny kesgitlemek we olar üçin aliment töletdirip almak, eklenip-saklanylmaga mätäç bolan äriň-aýalyň eklenji üçin serişdeleri töletdirip almak, är-aýalyň nikaly döwründe edinen emlägini bölmek baradaky hak islegleri hem çözmäge borçludyr.

Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 45-nji maddasynyň 4-nji böleginde we 48-nji maddasynda göz öňünde tutulan talaplar bozulan halatynda we geleşikleriň hakyky däldigi üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan esaslar boýunça, nikany bozmak baradaky hak isleg bilen bilelikde nika şertnamasyny dolulygyna ýa-da bölekleýin hakyky däl diýip ykrar etmek baradaky hak islege hem seredip bolýandygyna kazyýetler üns bermelidirler.

11. Kazy taraplaryň bilelikdäki ýa olaryň biriniň haýyşy ýa-da öz başlangyjy boýunça nikany bozmak hakyndaky işe seretmekligi gaýra goýmaga we är-aýalyň ýaraşmaklary we maşgalany saklamak üçin çäreler görmäge, zerur halatlarda är-aýaly ýaraşdyrmak üçin üç aýa çenli möhlet bellemäge, eger-de üç aý möhletiň dowamynda är-aýal ýaraşmasa, ýöne maşgalany saklamak mümkinçiligi aradan aýrylmadyk bolsa, onda är-aýaly ýaraşdyrmak üçin alty aýa çenli goşmaça möhlet belläp, işe seretmegi gaýra goýmaga borçludyr.

Är-aýalyň ýaraşmaklary üçin möhlet berlip, işe seretmekligiň birnäçe gezek gaýra goýlup bilinýändigini, ýöne şunda kanunda bellenilen ýaraşyk möhletiniň umumy çäginiň dokuz aýdan geçmeli däldigine kazyýetler üns bermelidirler. Işe seretmekligiň gaýra goyulýandygy baradaky kazyýet kesgitnamasy maslahat otagynda çykarylmalydyr. Kazyýet anyk ýagdaýlary nazara alyp, är-aýalyň bilelikdäki ýa-da olaryň biriniň arzasy boýunça berlen ýaraşyk möhletini azaltmaga we işe seretmäge haklydyr.

Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 26-njy maddasynyň ikinji we üçünji böleklerine laýyklykda, nikanyň kazyýet tarapyndan bozulmagy geçirilende, eger är-aýal ýa-da olardan biri hakykat ýüzünde başga bir adam bilen umumy hojalygy

aýratynlykda ýöredip, bile ýaşaşyp, çagalary bolup, çaganyň atalygy anyklanyp, RÝNÝ edaralarynda atalygy anyklamak döwlet belligine alnan bolsa we şunda är-aýalyň razylygy bar bolsa, şeýle hem eger är-aýal biri-biriniň ýa-da maşgala agzalarynyň garşysyna şahsyýete garşy, şol sanda jyns gatnaşyklary çygryndaky jenaýaty edip, iş kesilip, kazyýetiň hökümi kanuny güýjüne giren bolsa, onda nika kazyýet tarapyndan möhlet bellenilmezden bozulmalydyr.

Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 381-nji maddasyndan ugur alnanda, kazyýetiň är-aýala ýaraşmak üçin möhlet berip, işe seretmekligi gaýra goýmak baradaky kesgitnamasyna hususy tertipde şikaýat edilip bilinmez.

12. Kazyýet nikany bozmak hakyndaky işler boýunça är-aýalyň özara gatnaşyklary, nikany bozmak barada ýüz tutmaklyga sebäp bolan esaslary, är-aýalyň arasyndaky oňşuksyzlygyň hakyky sebäplerini hemme taraplaýyn aýdyňlaşdyrmaga borçludyr. Şeýle ýagdaýlarda kazyýet düzgün bolşy ýaly, işe är-aýalyň ikisiniň hem gatnaşmagynda seretmelidir, ýöne muňa taraplaryň biriniň Türkmenistanyň çäginden daşarda bolan halatlary degişli däldir. Taraplaryň biriniň Türkmenistanyň çäginden daşarda bolmagy Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň degişli habarnamasy bilen tassyklanan bolmalydyr we bu ýagdaýy anyklamak üçin beýleki zerur işler hem geçirilmelidir, ýagny şeýle ýagdaýda işlere seredilende Türkmenistanyň çäginden daşarda bolýan tarapyň ata-enesini, dogan-garyndaşlaryny kazyýet mejlisinde şaýat hökmünde sorag etmek, şol tarapyň salgysyny anyklamak we halkara şertnamalaryna laýyklykda degişli iş ýörediş hereketlerini geçirmek, subutnamalary ýygnamak (sms habarlary, wideoýazgylar, telegrammalar we ş.m.) ýaly mümkin bolan çäreler görülmelidir.

Nikany bozmak baradaky işlerde kazyýet tarapyndan esassyz diýlip hasap edilen sebäpler boýunça jogap beriji kazyýet mejlisine gelmeýän bolsa, onda onuň kazyýetiň kesgitnamasy boýunça mejbury getirilmäge sezewar edilip bilýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

Nikany bozmak hakynda bildirilen talaplar boýunça jogap berijiniň bolýan ýeri näbelli bolanda, kazynyň içeri işler edaralarynyň üsti bilen jogap berijini gözlemegi yglan etmäge borçludygyna kazylaryň ünsi çekilmelidir.

Kazyýet är-aýalyň bile ýaşamagynyň we maşgalanyň saklanyp galmagynyň mümkin däldigini anyklan ýagdaýynda, nikany bozmak hakyndaky hak islegi kanagatlandyrmaga haklydyr.

13. Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 27-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 3-nji bendine laýyklykda, kazyýetleriň nikany bozýan är-aýalyň haýyşy boýunça kämillik ýaşyna ýetmedik we zähmete ukypsyz kämillik ýaşyna ýeten çagalarynyň hukuklaryny we bähbitlerini goramak üçin çäreleri görmegi zerurdyr. Kazy nikany bozmak hakyndaky hak isleýiş arzany kabul edende we kazyýet işe seretmekliginiň dowamynda är-aýalyň nikalarynyň bozulan ýagdaýynda çagalary kimiň ekläp-saklamalydygy we terbiýelemelidigi barasynda olaryň özara ylalaşyga gelendiklerini ýa-da gelmändiklerini anyklamalydyr. Eger şeýle ylalaşyk ýok bolsa, onda kazyýet olara çagalaryň kimiň ýanynda ýaşamalydygyny kesgitlemek we olar üçin aliment töledip almak hakyndaky jedelleri çözmegiň tertibini, şonuň ýaly-da kazyýet nikany bozýan är-aýala çagalaryndan aýry ýaşaýan atanyň (enäniň)

çagalary terbiýelemäge gatnaşmaga borçludygyny, çagalary bilen bile ýaşaýan atanyň (enäniň) bolsa oňa päsgel bermäge hakynyň ýokdugyny düşündirmelidir.

Çagalaryň hukuklaryny we bähbitlerini goramak maksady bilen işe seretmeklik gaýra goýlanda we är-aýala ýaraşmak üçin möhlet berlende, çaganyň dogluş hakynda nama ýazgysynda jogap berijiniň çaganyň atasy (enesi) diýlip ýazylan halatlarynda kazy ýa-da kazyýet işe seredilmezinden öň kämillik ýaşyna ýetmedik, kämillik ýaşyna ýeten zähmete ukypsyz kömege mätäç bolan çagalara alimentiň wagtlaýyn tutulyp alynmagy hakynda kesgitnama çykarmaga haklydyr (Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 147-nji maddasy).

Är-aýalyň biri beýlekisini ekläp-saklamakdan ýüz dönderen ýa-da biri-birini ekläp-saklamak şertini göz öňünde tutýan nika şertnamasy bolmadyk halatynda, öňki äriniň (aýalynyň) zähmete ukypsyzlygy nikada durýan döwründe ýa-da nikanyň bozulan gününden başlap bir ýylyň dowamynda ýüze çykan ýagdaýynda, är-aýal uzak wagtlap nikada durup, nika bozulandan soň bäş ýylyň dowamynda öňki äri (aýaly) pensiýa ýaşyna ýeten ýagdaýynda, nikanyň bozulmagyndan öň göwreli bolan öňki aýaly özleriniň umumy çagasynyň doglan pursatyndan başlap üç ýaşyna çenli ony terbiýelände, öňki äri (aýaly) çagalygyndan maýyp bolan çaga we on sekiz ýaşyna ýetmedik maýyp çagasyna seredýän ýagdaýynda, är-aýalyň biri-birini ekläp-saklamaklygy olaryň özara ylalaşygy esasynda kesgitlenmese, şeýle jedeller kazyýet tertibinde çözülmelidir.

14. Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 27-nji maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda, nikany bozmak hakyndaky hak islegi bilen bir wagtda är-aýalyň üçünji taraplaryň bähbitlerine täsir edýän başga talaplaryna seretmäge kazyýetiň haksyzdygy göz öňünde tutulmalydyr.

Eger çaga üçin aliment töletdirip almak hakynda hak islegi bildirilende, beýleki tarap çaganyň kakasy ýa-da ejesi barasynda dogluş hakyndaky nama ýazgysynda edilen ýazga garşy çykýan ýagdaýynda, agzalan talaplaryň ikisi hem aýratyn önümçilikde bilelikde seretmek üçin, nikany bozmak hakyndaky raýat işden bölünip aýrylmaga degişlidir.

15. Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 52-nji maddasyna laýyklykda, är-aýalyň nikaly döwründe edinen, gozgalmaýan we gozgalýan zatlary, pul we gymmatly kagyzlary, girdejileri, alan pensiýalary, döwlet kömek pullary, ýörite niýetlenen maksady bolmadyk gaýry pul möçberleri (maddy kömek pul möçberleri, zähmete ukyplylygyny ýitirmegi bilen baglanyşykly ýa-da saglygyna başga zyýan ýetirilmegi netijesinde zyýanyň (zeleliň) öweziniň dolunmagyna tölenen pul möçberleri we başgalar), şeýle hem üçünji taraplaryň elinde saklanylýan emlägi olaryň arasynda paýlanmaga degişlidir.

Nika baglaşylmazdan öň är-aýala degişli bolan emläk, şonuň ýaly-da olaryň nikaly döwründe sowgat görnüşinde ýa-da miras almak tertibinde alan emlägi olaryň her biriniň öz eýeçiligine degişli hasap edilýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

Bilelikde edinilen emlägi bölmek baradaky jedele är-aýalyň biriniň talap etmegi boýunça olaryň nikaly döwründe ýa-da ol bozulandan soň hem kazyýet tarapyndan seredilip bilner.

Emläk paýlananda är-aýalyň biriniň bergisi we maşgalanyň bähbitleri üçin ýüze çykan bergiler hem hasaba alnyp bilner (Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 59-njy maddasy).

16. Är-aýalyň biri tarapyndan olaryň umumy gozgalýan emlägine ygtyýarlyk etmek boýunça geleşikler amala aşyrylanda, ol är-aýalyň beýlekisiniň razylygy bilen hereket edýär diýlip hasaplanylýar.

Geleşigi amala aşyrmak üçin razylygy alynmadyk äri (aýaly) şeýle geleşigiň amala aşyrylandygy hakynda özüniň bilen ýa-da bilmeli bolan gününden başlap bir ýylyň içinde kazyýet tarapyndan geleşigiň hakyky däl diýlip ykrar edilmegini talap etmäge haklydyr.

Aýry-aýry halatlarda kazyýet, eger är-aýalyň beýlekisi peýdaly zähmetden ýüz dönderen bolsa ýa-da bilelikdäki emlägi maşgalanyň bähbitlerine zyýan (zelel) ýetirip harçlan bolsa, kämillik ýaşyna ýetmedik we zähmete ukypsyz kämillik ýaşyna ýeten çagalaryň kanuny bähbitlerini ýa-da är-aýalyň biriniň bähbitlerini nazara alyp, ýagny, är-aýalyň paýynyň deňliginden ugur alman, är-aýalyň biriniň paýyny artdyryp biler.

Kämillik ýaşyna ýetmedik we zähmete ukypsyz kämillik ýaşyna ýeten umumy çagalarynyň adyna bilelikdäki emlägiň hasabyna är-aýal ýa-da olaryň biri tarapyndan geçirilen goýumlaryň çagalara degişli diýlip hasap edilýändigini we är-aýalyň bilelikdäki emlägi bölünende onuň nazara alynmaly däldigini kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

Eger maşgala gatnaşygy we umumy hojalygy ýöretmek hakykat ýüzünde bes edilenden soň, är-aýal bilelikde emläk edinmedik bolsalar, onda kazyýet diňe umumy hojalygy ýöretmegiň bes edilen wagtyna çenli olaryň bilelikdäki umumy eýeçiligi bolup duran emlägini paýlamalydyr. Emlägiň bahalary üýtgände, olaryň gymmaty çözgüt çykarylan gününde hereket edýän bahalardan ugur alyp kesgitlenilýär.

17. Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 56-njy maddasynyň 7-nji bölegine laýyklykda, är-aýalyň bilelikdäki emlägini bölmek hakynda talaplaryna hak isleginň üç ýyllyk wagt möhleti ulanylýandygyny, Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 155-nji maddasyna laýyklykda, är-aýalyň biri-birine bolan talaplary boýunça hak isleýiş wagt möhletiniň geçmegi olaryň arasyndaky nika näçe wagta çenli dowam edýän bolsa, bütin şol wagta laýyk togtadylýandygyny, bu kadanyň çagalaryň kemala gelmedik döwrüne laýyk ata-eneleriň we çagalaryň özara talaplaryna hem-de hossarlygyň (howandarlygyň) dowam edýän bütin möhletine laýyk hossaryň (howandaryň) we hossarlyk-howandarlyk edilýäniň özara talaplaryna hem degişlidigini kazyýetlere düşündirmeli.

18. Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 300-nji maddasyna laýyklykda, nika bozulanda ýa-da nika hakyky däl diýlip ykrar edilende, eger taraplaryň bolmanda biri bu hakda hak isleýiş talabyny bildiren bolsa, ugurdaş işleri çözmek hakynda hem kazyýetiň çözgüt kabul etmelidigine kazylar üns bermelidirler.

Nikany bozmak hakynda ýa-da nikany hakyky däl diýip ykrar etmek hakynda, şeýle hem ugurdaş işler hakynda kazyýet bir (birleşdirilen) çözgüt çykarmalydygyna, eger talaplary bölüp seretmek has maksada laýyk diýip hasap

edilen ýagdaýynda bolsa, kazyýetleriň ugurdaş işleri aýratyn önümçilige bölmäge haklydyklaryna hem kazyýetleriň ünsi çekilmelidir.

19. Kazyýetiň nikany bozmak ýa-da nikany bozmakdan ýüz döndermek hakyndaky çözgüdi kanuny we kazyýet mejlisinde hemmetaraplaýyn barlanan subutnamalara esaslanan bolmalydyr.

Çözgüdiň delillendiriş böleginde kazyýet tarapyndan anyklanan, är-aýalyň arasyndaky agzalalygyň sebäpleri, kazyýetiň maşgalany saklamagyň mümkindigi ýa-da onuň gutarnykly dargandygy barada netijä gelmegine esas bolan subutnamalar, ol ýa-da beýleki subutnamalary kazyýetiň kabul etmänliginiň delilleri, kazyýetiň gollanan kanunlary görkezilmelidir.

Nikany bozmak hakyndaky hak islegi kanagatlandyrmak baradaky çözgüdiň netije böleginde taraplaryň bildiren hemme talaplary, şol sanda, bilelikde seretmek üçin birleşdirilen talaplary boýunça hem kazyýetiň gelen netijesi bolmalydyr. Çözgüdiň şu böleginde nikanyň bozulandygyny raýat ýagdaýy namalarynyň bellige alnýan kitabynda resmileşdirmek üçin zerur maglumatlar (nikanyň bellige alnan wagty, nama ýazgysynyň belgisi, nikany bellige alan edaranyň ady) bolmalydyr. Çözgütde är-aýalyň familiýalary nika hakyndaky şahadatnama laýyklykda ýazylmalydyr. Nikany bozmak hakynda şahadatnama alnanda, är-aýalyň haýsy birinden we näçe möçberde döwlet pajynyň töletdirilip alynmalydygy ýa-da olaryň haýsy biriniň pajy tölemekden boşadylandygy çözgütde anyk görkezilmelidir.

Töletdirip alynmaly döwlet pajynyň möçberi kesgitlenende, kazyýet olaryň her biriniň maddy taýdan üpjünçiligine we başga anyk ýagdaýlara meselem, çagalaryň är-aýalyň haýsy biriniň ýanynda ýaşamaga galýandyklaryna üns bermelidir.

20. Nikanyň bozulmagy är-aýalyň ýa-da olaryň biriniň talap etmegi boýunça raýat ýagdaýy namalar ýazgysy kitabynda bellige alnýar. Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 34-nji maddasynda görkezilenden başga ýagdaýda, nikanyň bozulmagy RÝNÝ edaralarynda döwlet tarapyndan bellige alnan gününden bes edilýär (Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 28-nji maddasy).

Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 26-njy maddasynyň 5^1-nji bölegine laýyklykda, nikany bozmak hakynda kazyýet tarapyndan çözgüt çykarylandan soň, ýöne nikanyň bozulandygy RÝNÝ edaralarynda bellige alynmanka, är-aýal ýaraşan ýagdaýynda, kazyýet olaryň arzalary esasynda, çözgüdi ýerine ýetirmekligi bes etmäge haklydyr. Şeýle ýagdaýlarda kazynyň nikany bozmak hakynda çözgüdi ýerine ýetirmekligi bes etmek barada kesgitnama çykarýandygyna hem-de bu meseläniň taraplaryň nikany bozmak baradaky öňki raýat işiniň çäginde seredilýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

Şeýle raýat işleriniň saklanyş möhletleriniň geçmegi bilen, ýok edilen halatlarynda, kazyýet är-aýalyň nikany bozmak hakyndaky kazyýetiň çözgüdini ýerine ýetirmekligi bes etmek boýunça raýat kazyýet önümçiligi tertibinde kazyýete ýüz tutmaga hukugynyň bardygyny düşündirmelidir.

21. Kazyýet nikany hakyky däl diýip ykrar etmek barada hak isleýiş arzasyny kabul edende, haýsy esas boýunça nikanyň hakyky däl diýlip bilinmeginiň soralýandygyny we hak isleýjiniň edil şol esas boýunça ýüz tutmaga hukugynyň bardygyny anyklamalydyr. Eger-de ýüz tutmaga hukugy bolmadyk adam

tarapyndan hak isleg bildirilende, kazy onuň hak isleýiş arzasyny kabul etmekden ýüz döndermelidir.

Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 15-nji, 16-njy, 20-nji maddalarynda we 21-nji maddasynyň 3-nji böleginde göz öňünde tutulan şertler bozulanda, şonuň ýaly hem nika mejbur etmek, aldaw boýunça baglaşylanda ýa-da galp nika baglaşylanda şeýle nika kazyýet tarapyndan hakyky däl diýip ykrar edilip bilner.

Nika maşgala gurmazlyk niýeti bilen resmileşdirilen halatynda galp nika hökmünde hakyky däl diýip ykrar edilýär. Är-aýalyň ikisi ölenden soň nikanyň hakyky däl diýlip ykrar edilmegi talap edilip bilinmez.

22. Eger kazyýet tarapyndan ozal nikany bozmak hakynda çözgüt çykarylan bolsa, onda şol nikany hakyky däl diýip ykrar etmek hakyndaky hak isleg diňe şol nikany bozmak hakynda çykarylan çözgüt sökülen halatynda seredilmäge degişlidir, sebäbi şeýle hak isleýiş arzasyny kabul edende, kazyýet nikanyň hakykylygyndan ugur alýar we Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 248-nji maddasyna laýyklykda, şeýle çözgüt bilen anyklanylan ýagdaýlar we hukuk gatnaşyklary barasynda şol bir taraplar başga mejlisde jedel edip bilmeýärler.

23. Haçan-da nika RÝNÝ edaralarynda bozulan bolsa, soňra bolsa nikanyň bozulandygy barada edilen ýazgyny güýçsüz hasap etmek we şol nikany hakyky däl diýip ykrar etmek hakynda hak isleg bildirilen halatynda kazyýet şu görkezilen iki hak islegi hem bir wagtda çözmelidir.

Kazyýet nikany bozmak hakyndaky we ony hakyky däl diýip ykrar etmek hakyndaky biri-biri bilen baglanyşykly hak isleglerine bir önümçilikde seredýär.

24. Eger işe nägilelik ýa-da gözegçilik tertibinde seredilende, nikany bozmak hakyndaky çözgüdiň göçürilen nusgasynyň RÝNÝ edarasyna iberlip, nikanyň bozulmagy döwlet tarapyndan bellige alnandygy anyklansa, şeýle çözgüt diňe maddy we iş ýörediş hukuk kadalarynyň düýpli bozulandygy ýüze çykarylan ýagdaýynda sökülip bilner.

Nikany bozmak hakyndaky çözgüt nägilelik ýa-da gözegçilik tertibinde sökülenden soň, şol işe täzeden seredilende hem kazyýet nikanyň bozulmagynyň RÝNÝ edarasynda döwlet tarapyndan bellige alnandygyny barlamaga borçludyr.

Nikany bozmak hakyndaky çözgüt nägilelik ýa-da gözegçilik tertibinde sökülenden soň, şol işe täzeden seredilende, eger RÝNÝ edaralarynda nikany bozmak hakyndaky namanyň ýazgysy bar bolsa, onda kazyýet şol ýazgyny güýçsüz hasap etmek meselesini hem çözmäge borçludyr.

25. Nikany bozmak hakyndaky işler boýunça kazyýet mejlisiniň teswirnamasynyň mazmuny Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 268-nji maddasynyň talaplaryna laýyk gelmelidir. Mysal üçin, olarda kazyýet seljerşiniň ähmiýetli pursatlarynyň ählisi, hak isleýji we jogap beriji, çagalar we olaryň ýaşlary baradaky maglumatlar, hak islegiň düýp manysy boýunça jikme-jik düşündirişler, şaýatlaryň görkezmeleri, beýleki subutnamalaryň derňelişi, şeýle hem är-aýaly ýaraşdyrmak boýunça kazyýetiň geçiren hereketleri beýan edilmelidir.

26. Äriň (aýalyň) familiýasynyň saklanylmagy ýa-da üýtgedilmegi hakyndaky meseläniň kazyýet tarapyndan çözgüt çykarylanda däl-de, Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 30-njy maddasy esasynda nikanyň bozulmagy

RÝNÝ edarasynda döwlet tarapyndan bellige alnan wagtynda çözülýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

27. Türkmenistanda Türkmenistanyň raýatlarynyň arasynda, Türkmenistanyň raýatlary we daşary ýurt raýatlarynyň ýa-da raýatlygy bolmadyk adamlaryň arasynda, şeýle hem daşary ýurt raýatlarynyň we raýatlygy bolmadyk adamlaryň öz aralarynda baglaşan nikalarynyň bozulmagy, Türkmenistanyň Maşgala kodeksine we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda geçirilmelidir.

Türkmenistanyň çäginden daşarda ýaşaýan Türkmenistanyň raýaty Türkmenistanyň çäginden daşarda ýaşaýan äriniň (aýalynyň) raýatlygyna garamazdan, onuň bilen nikasyny Türkmenistanyň kazyýetinde bozmaga haklydyr.

Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan Türkmenistanyň raýatlarynyň, Türkmenistanyň çäginden daşarda hemişelik ýaşaýan Türkmenistanyň raýatlarynyň, şeýle hem daşary ýurt raýatlary ýa-da raýatlygy bolmadyk adamlaryň arasynda baglaşylan nikany bozmak hakyndaky işe, olaryň arzasy esasynda Türkmenistanyň kazyýeti tarapyndan, Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 198-nji maddasynyň talabyna laýyklykda, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň tabşyrmagy boýunça seredilip bilinýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

28. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň raýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri aşaky kazyýetler tarapyndan nikany bozmak baradaky işlere seredilende maşgala kanunçylygyň berjaý edilişine kazyýet gözegçiligini yzygiderli alyp barmalydyrlar we bu görnüşli işler boýunça kazyýet iş tejribesini wagtal-wagtal umumylaşdyryp, ýüze çykarylýan kemçilikleri wagtynda duýduryp, olaryň gaýtalanmazlygy üçin zerur çäreleri görmelidirler, şol sanda kazyýetlere degişli amaly kömekleri bermelidirler.

29. Şu Kararyň kabul edilmegi bilen Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumynyň 1998-nji ýylyň 23-nji aprelinde kabul eden “Nikany bozmak hakyndaky işlere garalanda Türkmenistanyň kazyýetleri tarapyndan kanunçylygyň ulanylyşynyň iş ýörelgesi hakyndaky” 4 belgili kararyny güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy A.Hallyýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy M.Çaryýew

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 1

2014-nji ýylyň 19-njy apreli Aşgabat şäheri

Huligançylyk baradaky işler boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda

(18.03.2023 ý. № 6, 17.02.2024 ý. № 3; 19.10.2024 ý. № 9; 19.07.2025 ý. № 4; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen)

Huligançylyk baradaky işler kazyýetlerde seredilende kazyýet iş ýörelgelerinde ýüze çykan meseleleri ara alyp maslahatlaşyp, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy kazyýetler tarapyndan bu baradaky işleriň umuman kanunalaýyk we öz wagtynda seredilşiniň üpjün edilýändigini belleýär.

Şeýle-de bolsa huligançylyk bilen baglanyşykly etmişleri hemmetaraplaýyn, doly we dogry barlap, maddalaşdyryjy alamatlaryň ähliisini ýüze çykarmakda we olara hukuk taýdan dogry baha bermekde, huligançylygy, huligançylyk esasynda edilýän başga jenaýatlardan tapawutlandyrmakda ýalňyşlyklar goýberilýär, kanunyň işiň ýagdaýlaryny hemmetaraplaýyn, doly we dogry barlamak baradaky, aýratyn hem jenaýat etmekde tutulan maksady anyklamak baradaky talaplary doly derejede ýerine ýetirilmeýär, “hiç bir sebäpsiz”, “jemgyýetçilik ýeri”, jemgyýetçilik tertibiniň göz-görtele äsgerilmezligi”, “gödek bozulmagy”, “ýarag hökmünde ulanylýan zatlar” ýaly huligançylygyň düzümini emele getirmekdäki möhüm düşünjeler aýyl-saýyl edilmeýär, şeýle hem jezanyň jenaýatyň häsiýeti we agyrlygy, şeýle-de jenaýat etmegiň maksatlary we äheňleri, netijeleri, jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän we agyrlaşdyrýan ýagdaýlary, günäkäriň şahsyýetini nazara almak baradaky ýörelgeleriň bozulmagyna ýol berilýär. Kazyýetleriň huligançylygyň ýüze çykmagynyň sebäplerini aradan aýyrmak bilen baglanyşykly işlerinde hem kemçilikler dowam edýär.

Huligançylyk üçin jogapkärçilik baradaky kanunçylygyň birmeňzeş, dogry ulanylmagyny üpjün etmek maksady bilen we ýüze çykan meseleler boýunça kazyýetlere düşündiriş bermegiň zerurdygy sebäpli, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy,

K A R A R E D Ý Ä R:

1. Huligançylygyň jemgyýetçilik tertibine, raýatlaryň asudalygyna kast edýän, köp halatlarda bolsa başga bir has agyr jenaýatlaryň edilmegine getirýän jenaýatlaryň biri bolup durýandygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

2. Huligançylyk baradaky işlere seredilende deslapky derňewiň ýa-da anyklaýşyň dolulygyny çintgäp barlamak, bildirilen aýbyň her bir wakasyna degişli

ýagdaýlary işi kazyýetde seredilýänleriň her biri babatynda hemmetaraplaýyn, doly we dogry barlamak, jenaýatyň maksadyna, işi kazyýetde seredilýäniň niýetiniň jemgyýetçilik tertibini bozmaga gönükdirilendigine, onuň şahsyýetine degişli maglumatlary çuňňur derňäp aýdyňlaşdyrmak zerurdyr.

3. Eger kazyýetde işi seredilýäne huligançylyk boýunça bildirilen aýbyň maddalaşdyrylyşy üýtgedilip, onuň hereketleri kanun boýunça jebir çekeniň arzasy bolmasa gozgap bolmaýan jenaýat üçin jogapkärçiligi göz öňünde tutýan madda boýunça maddalaşdyrmaga degişli diýip netijä gelinse we şonda işiň içinde kazyýetde işi seredilýäni jenaýat jogapkärçiligine çekmek barada jebir çekeniň arzasy ýa-da onuň kazyýet mejlisinde dilden aýdan haýyşy bar bolan halatynda kazyýet kazyýetde işi seredilýäniň hereketlerini başga madda geçip maddalaşdyrmalydyr we aýyplaw hökümini çykarmalydyr.

Şeýle ýagdaýlarda, ýöne jebir çekeniň şikaýaty ýa-da dilden aýdan arzasy bolmasa, kazyýet özüniň kesgitnamasy bilen Türkmenistanyň JIÝK-nyň 31-nji maddasynyň birinji böleginiň ýedinji bendi esasynda işi önümçilikden ýatyrýar. Şonda jebir çeken jenaýat işini gozgamak baradaky arza bilen umumy tertipde, eger Türkmenistanyň JK-nyň 73-nji maddasynda görkezilen wagt möhleti geçmedik bolsa, ýüz tutup biler.

4. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 310-njy maddasynyň 1-nji böleginiň dispozisiýasyna laýyklykda, bu madda bilen günäkär diňe deslapdan dilleşmezden iki ýa-da şondan köp adam tarapyndan ýa-da deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan ýa-da häkimiýet wekiline, jemgyýetçilik tertibini goramak wezipesini ýerine ýetirýän ýa-da jemgyýetçilik tertibiniň bozulmagynyň öňüni alýan başga adama garşylyk görkezmek bilen baglanyşykly huligançylykly hereketlerini amala aşyranda jenaýat jogapkärçilige çekilýändigini kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

Eger-de huligançylykly hereketler deslapdan dilleşmezden iki ýa-da şondan köp adam tarapyndan ýa-da deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan ýa-da häkimiýet wekiline, jemgyýetçilik tertibini goramak wezipesini ýerine ýetirýän ýa-da jemgyýetçilik tertibiniň bozulmagynyň öňüni alýan başga adama garşylyk görkezmek bilen bagly bolmadyk halatynda günäkär Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 310-njy maddasynyň degişli bölekleri bilen jogapkärçilik çekmeýändigini, şunda hereketleriň netijesinde jebir çekene bilkastlaýyn ýeňil zyýan ýa-da saglyga gysga wagtlaýyn başga zyýn ýetirilen ýa-da umumy işe ýarawlylyk wagtynyň gysga wagtlyk ýitirilmegine getiren bolsa-da, bu hereketleriň Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 310-njy maddasynyň degişli böleklerine alamatlaryny döretmeýändigini düşündirmeli. Şeýle ýagdaýlarda adam Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksiniň 334^1-nji maddasynyň degişli bölekleri bilen jogapkärçilik çekýär.

Huligançylyk jemgyýeti göz-görtele äsgermezlikden, ýagny hiç bir sebäpsiz ýa-da ujypsyz ýagdaýy öz betpäl niýetini amala aşyrmak maksadyna eýermekden ybaratdyr. Şol niýet bilen adama zorluk ulanylmagy ýa-da ulanmak haýbatynyň atylmagy, şonuň ýaly-da kesekiniň emläginiň ýok edilmegi ýa-da zaýalanmagy bilen baglylykda jemgyýetçilik tertibiniň gödek bozulmagyna getiren hereketler

edilen halatynda onuň jenaýat jogapkärçiligine getirýändigini ünsden düşürmeli däldir.

Jemgyýeti göz-görtele äsgermezlik edip, jemgyýetçilik tertibiniň gödek bozulmagy diýip, köpçüligiň ykrar eden jemgyýetçilik ahlak düzgünleriniň kast bilen bozulmagyna düşünmelidir. Köpçüligiň ýygnanyşan ýerlerinde özüňi gödek alyp barmak, paýyş sözleri ulanyp galmagal turuzmak, başga birini masgaralamak, biahlaklylyk etmek ýa-da gijäniň içinde köpçüligiň rahatlygyny bozmak ýaly hereketleriň edilmegi bilen baglanyşykly adama zorluk ulanylmagyny ýa-da ulanmak haýbatynyň atylmagyny, şonuň ýaly-da kesekiniň emläginiň ýok edilmegini ýa-da zaýalanmagyny muňa mysal edip bolar.

5. Huligançylyk edilen ýeri diýip jemgyýetçilik ýerleri (köçe, seýilgäh, tomaşa jaýlary, ýolagçy gatnadýan ulaglar, köpçülikleýin çäreleri geçirilýän ýerler, iş ýerleri we adamlaryň köpçülikleýin toplanýan beýleki ýerleri), şolar ýaly-da adaty ýagdaýda adamyň belli bir maksatlara eýerip barýan ýerleri (ýaşaýyş bolmaýan ýerler, daglyk ýa-da düzlük ýerlerde ýekebara ýaşalýan ýerler, öri meýdanlarda çopan goşlary) hasap edilip bilner. Şol ýerlerde bolan adamlaryň ýa-da adamyň rahatlygyny bozup, Türkmenistanyň JK-nyň 310-njy maddasynda görkezilen hereketler edilende şol hereketleriň düzüminde huligançylyk bolup biler. Şular ýaly ýagdaýlarda jemgyýetçilik tertibiniň bozulan ýeri, wagty, häsiýeti, dowamlylygy, kimiň başlaýjy bolup duryandygy, jebir çekeniň hereketleri we ş.m. işiň anyk ýagdaýlary göz öňünde tutulmalydyr.

6. Türkmenistanyň JK-nyň 310-njy maddasynyň 1-nji böleginde görkezilen zorlugyň ulanylmagy diýip, saglyga zyýan ýetirip, adamy urup ýa-da başga hili zorlukly hereketler edip, synanyň hakykat ýüzünde agyrdylmagyna düşünmelidir. Saglyga orta agyrlykdaky ýa-da agyr zyýan ýetiren etmişli hereketler Türkmenistanyň JK-nyň 310-njy maddasy bilen bilelikde, 107-108-nji ýa-da 101-nji maddalary bilen jenaýatyň umumy jemi boýunça maddalaşdyrylmagyny talap edýär.

Hiç bir sebäpsiz, huligançylyk niýetde saglyga bilkastdan agyr, orta agyrlykda zyýanyň ýetirilmegi ýa-da adamyň öldürilmegi, eger-de şunda jemgyýetçilik tertibiniň garşysyna, jemgyýeti göz-görtele äsgermezlikli hereketler we huligançylygy esaslandyrýan beýleki hereketler edilmedik bolsa, onda şol hereketleriň diňe "huligançylykly niýetleri bilen" diýilýän maddalaşdyryş alamat boýunça jana we saglyga garşy edilen jenaýat hökmünde maddalaşdyrylmagy ýeterlikdir we Türkmenistanyň JK-nyň 310-njy maddasy bilen maddalaşdyrylmaýar.

7. Haýbat atmak hereketi jebir çekeni özi babatynda zorluk ulanmak baradaky niýetiň hakykatdan-da amala aşyryljakdygyna ynandyrjak derejede dil üsti ýa-da hereketleri bilen beýan edilmeginden ybaratdyr. Şonda öldürmek ýa-da saglyga agyr zyýan ýetirmek haýbatynyň atylmagy onuň amala aşyrylmagy üçin ätiýaçlyk etmäge esas bolan halatynda hem ony huligançylygyň maddalaşdyryş alamatlary öz içine alýar we jenaýatlaryň umumy jemini döretmeýär.

8. Kesekiniň emläginiň ýoklanmagy diýip emlägiň kanuna garşy ýol bilen ulanylyş üçin bütinleýin ýaramaz ýagdaýa getirilmegine, zaýalanmagy diýip bolsa,

onuň belli bir böleginiň ulanylyş üçin ýaramaz ýagdaýa getirilmegine düşünmek bolar.

Köçeleriň ugrunda, seýilgählerde, duralgalarda we şuňa meňzeş ýerlerde jemgyýet üçin niýetlenen emläkleriň bilkastlaýyn ýok edilmegi ýa-da zaýalanmagy, jemgyýetçilik tertibiniň garşysyna, jemgyýeti göz-görtele äsgermezlik edilip, kesekiniň emläginiň ýok edilmegi ýa-da zaýalanmagy diýip, eger şol hereketler deslapdan dilleşmezden iki ýa-da şondan köp adam tarapyndan ýa-da deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan ýa-da häkimiýet wekiline, jemgyýetçilik tertibini goramak wezipesini ýerine ýetirýän ýa-da jemgyýetçilik tertibiniň bozulmagynyň öňüni alýan başga adama garşylyk görkezmek bilen baglanyşykly bolan halatynda huligançylyk hereketleri hasap edilip bilner.

9. Günäkäriň jemgyýeti äsgermezlikden ybarat bolan hereketleriniň diňe kesekiniň emläginiň ýok etmegi ýa-da zaýalamagy bilen bagly bolup, jebir çekene ep-esli möçberde, ýagny zyýanyň möçberi Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen binýatlyk mukdarynyň onusyndan geçen halatynda hem, Türkmenistanyň JK-nyň 310-njy maddasynyň 1-nji bölegi boýunça maddalaşdyrylmagy ýeterlikdir we Türkmenistanyň JK-nyň 256-njy maddasynyň 1-nji bölegi bilen goşmaça maddalaşdyrylmagy talap edilmeýär.

Haçanda, huligançylyk amala aşyrylanda emlägi ýok etmeklik ýa-da zaýalamaklyk otlamak, partlatmak arkaly ýa-da umumy howply başga hili usul bilen ýerine ýetirilen bolsa, onda günäkäriň hereketleri Türkmenistanyň JK-nyň 310-njy maddasynyň degişli böleginden başga-da, goşmaça Türkmenistanyň JK-nyň 256-njy maddasynyň 2-nji bölegi boýunça hem maddalaşdyrylmaga degişlidir.

10. Saglyga zyýan ýetirmekde günäkär adamlaryň hereketlerini maddalaşdyrmagyň jenaýatyň nähili delile esaslanylyp edilendigine, niýetiň nämä gönükdirilendigine, jenaýat ediliş ýagdaýlarynyň many-mazmunyna we ugruna baglydygyny kazyýetler göz öňünde tutmalydyr. Şeýle hereketler garyndaşlaryň, tanyşlaryň garşysyna maşgala arasynda, öýde edilen bolsa we ol özara oňşuksyzlyk ýa-da jebir çekeniň nädogry hereketleri sebäpli ýüze çykan bolsa, onda bu hereketler Türkmenistanyň JK-nyň şahsyýete garşy jenaýatlar üçin jogapkärçiligi göz öňünde tutýan maddasy bilen maddalaşdyrylmalydyr.

Şeýle hereketler diňe jemgyýetçilik tertibiniň gödek bozulmagy we jemgyýete göz-görtele äsgermezlik edilmegi bilen bagly bolanda we ýakyn gatnaşykda bolan adamlaryň arasyndaky özara gatnaşyklaryndan gelip çykmaýan bolsa huligançylyk hasap edilip bilner. Şonda şahsyýete kast edilmegi bilen baglanyşykly hereketleri huligançylygyň düzümini doly öz içine alýar we olary Türkmenistanyň JK-nyň 310-njy maddasy bilen goşmaça maddalaşdyrylmaga degişli däldir.

11. Hereketlerde huligançylyk bolman, beýleki jenaýatlaryň düzümi bolan halatynda (eden-etdilik, töhmet we ş.m.) kazyýetler bu meseläniň kanunalaýyk çözülmegi barada degişli netije çykarmalydyrlar.

12. Huligançylyk Türkmenistanyň JK-nyň 310-njy maddasynyň 1-nji bölegi bilen maddalaşdyrylanda, jenaýatyň deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan edilendigi baradaky düşünjäniň Türkmenistanyň JK-nyň 31-nji

maddasyndaky kesgitlemesinden başga-da, iki ýa-da köp adam tarapyndan deslapdan dilleşmezden edilen huligançylyk üçin hem jogapkärçiligiň göz öňünde tutulýandygyny nazara almak zerurdyr.

Haçan-da iki ýa-da köp adam bolup huligançylyk edilýän wagty dörän niýete laýyklykda bile hereket edip, huligançylyk etmäge gös-göni gatnaşan bolsalar ýa-da bir adam tarapyndan huligançylyk etmäge gönükdirilen hereketler edilýän wagty, oňa şol maksatlar bilen başga adam (adamlar) goşulan bolsa, onda huligançylyk deslapdan dilleşmezden, adamlaryň topary tarapyndan edilen diýip hasaplanýar.

13. Häkimiýet wekili bu, jemgyýetçilik we medeni köpçülik çäreleriniň geçirilýän ýerlerinde häkimiýet we ygtyýarly edaralar tarapyndan ýörite goýulan (bellenilen) wekillerdir. Jemgyýetçilik tertibini goramak wezipesini ýerine ýetirýän diýip, özüniň wezipesine jemgyýetçilik tertibini goramak borjy girýän we şol borçlaryny ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly işleri alyp barýan wezipeli (şol sanda şeýle borç wagtlaýyn üstüne ýüklenen) adama düşünilmelidir. Jemgyýetçilik tertibiniň bozulmalarynyň öňüni alýan başga bir adam diýip, öz raýatlyk borjuny ýerine ýetirmek bilen, jemgyýetçilik tertibiniň bozulmalarynyň öňüni alýan islendik adam hasap edilip bilner.

Huligançylyk hereketlerini garşylyk görkezmek bilen amal edýän günäkär hut häkimiýet wekiline ýa-da jemgyýetçilik tertibini goramak wezipesini ýerine ýetirýän ýa-da jemgyýetçilik tertibiniň bozulmalarynyň öňüni alýan adama garşylyk görkezmek diýip görkezilen adamlara ýönekeý boýun bolmazlyk däl-de, eýsem olara işjeň garşylyk görkezilmegine düşünilmelidir. Şunda şol adamlaryň günäkäriň garşylyk görkezmegine getiren hereketleri diýip, olaryň huligançylyk hereketleriň bes edilmegi barada ýönekeý haýyş we talap etmeklerine, ýagny dil üsti bilen çagyryşyna däl-de, eýsem huligançylyk hereketleriniň öňüni almaga işjeň, şol sanda güýç ulanmak bilen hem, goşulyşylmagyna düşünilmelidir. Garşylyk zorluksyz häsiýetde, mysal üçin, günäkär adamyň huligançylyk hereketlerini dowam etdirmek maksady bilen özüni tutup saklaýanyň elinden sypmak, özüniň jaýdan çykarylmagyna päsgel bermek üçin dürli närselere ýapyşmagy görnüşinde-de bolup biler.

Häkimiýet wekiline ýa-da jemgyýetçilik tertibini goramak wezipesini ýerine ýetirýän ýa-da jemgyýetçilik tertibiniň bozulmalarynyň öňüni alýan başga bir adama garşylyk görkezmek bilen baglanyşykly huligançylyk hereketleri diýip, görkezilen adamlaryň huligançylygyň bes edilmegini güýç ulanyp gazanmagyna girişen halatyndaky anyk (fiziki) hereketlerini aradan aýyrmak maksady bilen oňa garşy güýç ulanmakdyr. Olaryň huligançylykly hereketleriniň bes edilmegi baradaky talaplaryna, haýyşlaryna, boýun bolman hereketleriniň dowam etdirilmegi ýa-da dowam etmän ýöne ýokarda agzalan huligançylygyň öňüni alýan adamlaryň ony saklajak bolmagy ýa düşünişjek bolmagy bilen baglanyşykly talaplaryna, tekliplerine gulak asman ol ýerden gitmegine (gaçmagyna) ýa-da äkidiljek bolunanda ýerinden turman otursa, ýagny özüniň göterilip äkidilmegine eltsede, bu ýagdaýlar huligançylygyň garşylyk gökezmek bilen baglanyşykly edildigi däldir.

Häkimiýet wekiline ýa-da jemgyýetçilik tertibini goramak wezipesini ýerine ýetirýän ýa-da jemgyýetçilik tertibiniň bozulmalarynyň öňüni alýan başga bir adama haýbat atmak garşylyk görkezmek diýip hasap edilip bilinmez, çünki

Türkmenistanyň JK-nyň 310-njy maddasynyň 1-nji bölegi haýbat atmagy göz öňünde tutmaýar.

Hukuk goraýjy edaranyň işgäri ýa-da ýörite bellenen harby gullukçy babatynda olaryň jany, saglygy üçin howply bolmadyk garşylyk görkezilen bolsa, bu hereketleri Türkmenistanyň JK-nyň 310-njy maddasynyň 1-nji böleginiň öz içine alýandygy sebäpli goşmaça şol Kodeksiň 231-nji maddasy bilen maddalaşdyrylmagyny talap etmeýär. Şol bir wagtyň özünde garşylyk olaryň jany, saglygy üçin howply zorluk ulanylsa ýa-da huligançylyk hereketinden soň jenaýat jogapkärçiliginden boşamak niýeti bilen zorluk ulansa, huligançylykdan başga-da 231-nji maddasy bilen maddalaşdyrylmalydyr.

Ownuk huligançylyk hereketini bes etmek talaby bilen baglanyşykly hukuk goraýyş edarasynyň işgärine ýa-da ýörite bellenilen harby gullukça garşylyk görkezilse, şeýle hereketler Türkmenistanyň JK-nyň diňe 231-nji maddasy bilen maddalaşdyrylmaga degişlidir.

Huligançylyk hereketleriniň öňüni alýan hukuk goraýyş edarasynyň işgäri ýa-da ýörite bellenilen harby gullukçylardan başga adamyň (adamlaryň) garşysyna onuň jany we saglygy üçin howply zorlugyň ulanylmagy, şahsyýete ýetirilen zyýanyň agyrlygyna baglylykda, Türkmenistanyň JK-nyň 310-njy we 107-nji, 108-nji maddalary bilen bilelikde jenaýatlaryň umumy jemi boýunça maddalaşdyrylmaga degişlidir.

Hukuk goraýyş edaralarynyň işgäriniň ýa-da ýörite bellenilen harby gullukçynyň özleriniň jemgyýetçilik tertibini goramak borjuny ýerine ýetirip ýören wagty, şeýle hem başga adamlaryň ownuk huligançylygyň öňüni almaga gatnaşýan wagty olara garşylyk görkezilen halatynda bu hereketler Türkmenistanyň JK-nyň 310-njy maddasynyň 1-nji bölegi bilen maddalaşdyrylmaga esas bolýan alamatlar däldir. Şeýle hereketler görkezilen garşylygyň häsiýetine we netijesine baglylykda, Türkmenistanyň JK-nyň degişli maddalary bilen maddalaşdyrylmalydyr.

14. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 310-njy maddasynyň 1-nji böleginiň dispozisiýasyndaky görkezilen hereketler gaýtadan edilse ýa-da ýarag ulanmak bilen ýa-da ýarag hökmünde adamyň saglygyna zyýan ýetirip biljek zatlary ulanmak bilen amala aşyrylan bolsa günäkär Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 310-njy maddasynyň 2-nji bölegi bilen jogapkärçilik çekýändigini düşündirmeli.

Huligançylyk, eger ondan öň bir ýa-da birnäçe huligançylyk hereketleri edilen bolsa, gaýtadan edilen diýip hasap edilmäge degişlidir. Şunda ozalky edilen huligançylyk üçin iş kesilen bolmagynyň hökman däldigini kazyýetler nazara almalydyrlar. Edilen huligançylyk üçin jogapkärçilige çekmegiň şeýle-de hökümiň ýerine ýetirilmeginiň wagt möhletiniň geçmegi muňa girmeýär.

Türkmenistanyň JK-nyň 16-njy maddasyna laýyklykda, eger öňki edilen jenaýatlar üçin olary eden adam jenaýat jogapkärçiliginden ýa-da jezasyndan boşadylan bolsa ýa-da şol jenaýatlar üçin iş kesilenlik aýby kanunda bellenilen tertipde aýrylsa ýa-da öz-özünden aýrylan bolsa, jenaýat gaýtadan edilen bolup bilmez.

Huligançylyk edenligi üçin adam günä geçme namasy esasynda jenaýat jogapkärçiliginden boşadylan bolsa, ol huligançylygy gaýtadan eden hasap edilip bilinmez, çünki günä geçme namasy esasynda jenaýat işiniň ýatyrylmagy we

jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagy Türkmenistanyň JK-nyň 18-nji maddasyndaky şol bir jenaýat üçin gaýtadan jenaýat jogapkärçiligine sezewar edilip bilinmeýändigi üçin jenaýatyň gaýtadan edilendigini esaslandyryp bilmez.

Eger jenaýat edendigi üçin iş kesilen adam rehim etme namasy esasynda jeza çekmegiň mundan beýläkki möhletinden şertli boşadylan bolsa, onuň iş kesilenlik aýbyny aýyrmaýandygy sebäpli şol ýagdaý huligançylygyň gaýtadan edilmegi barada netijä gelmäge esas bolup biler.

15. Eger huligançylyk dürli wagtlarda edilen bolsa, olaryň her haýsy aýrylykda, ýagny haýsy hereketler Türkmenistanyň JK-nyň 310-njy maddasynyň haýsy böleginiň düzümini emele getirýän bolsa şonuň bilen aýratynlykda maddalaşdyrylmalydyr. Şunda birinji edilen huligançylykdan soňky edilen huligançylyklaryň gaýtadan edilenligiň alamatyny döredýär.

Dürli wagtlarda edilen huligançylyk diýip, ozalky edilen huligançylygyň dowamy bolman başga wagtda edilip, Türkmenistanyň JK-nyň 310-njy maddasynyň dürli bölekleriniň düzümini özbaşdak düzýän we huligançylyk etmişleriniň umumy jemini döretmeýän hereketlerdir.

Eger şol bir dowamly wagtda, Türkmenistanyň JK-nyň 310-njy maddasynyň dürli böleklerinde görkezilen birnäçe huligançylyk edilen bolsa, onda ol diňe has berk jezany göz öňünde tutýan bölek boýunça maddalaşdyrylmalydyr. Şunda hökümiň beýan ediş we delillendiriş böleklerinde kanunyň dürli böleklerinde göz öňünde tutulan maddalaşdyryjy alamatlaryň ählisi görkezilmelidir**.**

16. Huligançylyk hereketler ýarag ýa-da ýarag hökmünde başga bir zat ulanylyp edilipdir diýip, şol hereketleriň Türkmenistanyň JK-nyň 310-njy maddasynyň 2-nji bölegi boýunça maddalaşdyrylmagyna diňe bir günäkäriň şol zatlar bilen syna zyýan ýetirmegi ýa oňa synanyşmagy, ýa-da olaryň ulanylmagynyň raýatlaryň jany ýa-da saglygy üçin hakyky howp döredenligi däl-de, eýsem huligançylyk hereketleriniň dowamynda görkezilen zadyň ulanylmagy netijesinde kesekiniň emläginiň ýoklanmagynyň ýa-da zaýalanmagynyň hem esas bolup duryandygyny kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

Käbir ýagdaýlarda günäkäriň hereketinde huligançylykdan has agyr, mysal üçin, adamy bilkastlaýyn öldürmegiň, saglyga agyr zyýan ýetirmegiň kastyna düşmek ýaly jenaýatlaryň alamatlarynyň bolmagynyň mümkindigini göz öňünde tutup, huligançylyk edilende ýaragyň ýa-da başga zadyň ulanylmagy ýa-da ulanmaga synanyşylmagy bilen baglanyşykly ýagdaýlary çintgäp barlamagyň zerurdygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Öňünden ýörite taýýarlanylandygyna ýa-da jenaýat edilýän ýerde tötänden alnandygyna garamazdan, şolar ulanylanda syna zyýan ýetirmäge mümkinçilik berýän islendik zat ýarag hökmünde ulanylýan zatlar diýip hasap edilip bilner.

Eger adamyň huligançylyk hereketlerini etmekdäki ulanan atýan ýa-da sowuk ýaragy onuň ýanynda bikanun saklanan bolsa, onda onuň etmişli hereketleri Türkmenistanyň JK-nyň 310-njy maddasynyň 2-nji bölegi we 322-nji maddasynyň degişli bölegi bilen jenaýatlaryň umumy jemi boýunça maddalaşdyrylmalydyr.

17. Kazyýetiň işi goşmaça derňewe gaýtarmazdan, adamy oňa jenaýatyň deslapky derňewde bildirilmedik maddalaşdyryjy alamatlary boýunça huligançylyk hereketlerini etmekde günäli bilmäge haky ýokdur.

18. Kazyýetleriň jogapkärçiligi aýrybaşgalaşdyrmak ýörelgelerini gyşarnyksyz berjaý etmekleri zerurdyr we jezanyň görnüşi we möçberi bellenen wagtynda jenaýatyň häsiýeti we agyrlygy, şeýle jenaýat etmegiň maksatlary we äheňleri, getiren netijeleri, jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän we agyrlaşdyrýan ýagdaýlary, günäkäriň şahsyýeti, şeýle hem bellenilen jezanyň günäkäriň jezasyny çekeninden soňra, durmuşyň adaty şertlerine gaýtadan uýgunlaşmagyna we onuň maşgalasynyň durmuş şertlerine ýetirjek täsiri göz öňünde tutulmalydyr.

Huligançylygy residiwde eden adamlara berk jeza çäresini ulanmak baradaky talap bilen birwagtyň özünde tötänden, ýalňyşyp, ilkinji gezek huligançylyk eden şeýle-de onuň öz etmişiniň netijesini eýýäm aradan aýyran adamlara azatlykdan mahrum etmek bilen bagly bolmadyk jeza çäresini ulanmaga kanunyň ýol berýändigini kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işlerine seredilende, olaryň huligançylyk etmeklerine ulularyň täsiri, ýaşaýyş-durmuş we terbiýeleniş şertleri barada has giňden maglumat toplamak maksady bilen şol ýagdaýlar kazyýetde kämillik ýaşyna ýetmedikleriň kanuny wekilleriniň we pedagoglaryň gatnaşmaklarynda çintgäp barlanylmalydyr.

19. Kazyýetler huligançylygyň edilmegine sebäp bolan ýagdaýlary we şertleri anyklamak we olary aradan aýyrmak boýunça çykarýan hususy kesgitnamalarynyň (kararlarynyň) täsirliligini güýçlendirmek arkaly anyk netijeleri gazanmalydyrlar.

Huligançylyk baradaky işler boýunça geçirilýän kazyýet mejlisleriniň jenaýatçylygyň öňüni alyş-terbiýeçilik täsiri bolup biljek ýagdaýlarynda şeýle işleriň göçme mejlislerde seredilmelidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

20. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri huligançylyk baradaky jenaýat işleriniň seredilişine kazyýet gözegçiligini gowulandyrmak arkaly, goýberilýän ýalňyşlyklary öz wagtynda ýüze çykaryp, olaryň gaýtalanmazlygy üçin çäreler görmeli we aşaky basgançakly kazyýetlere zerur bolan kömegi bermeli.

Huligançylyk üçin jogapkärçilik baradaky kanunçylygyň ulanylyşynyň kazyýet iş ýörelgelerini öwrenmegi we umumylaşdyrmak işini üznüksiz alyp barmagy kazyýetlere maslahat bermeli.

21. Şu Kararyň kabul edilmegi bilen, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumynyň 2000-nji ýylyň 3-nji noýabryndaky "Huligançylyk baradaky işler boýunça kazyýet iş ýörelgeleri hakyndaky" № 3 belgili kararyny güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy B.Çaryýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy Ş.Haýytow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 2

2014-nji ýylyň 19-njy apreli Aşgabat şäheri

Ýaşaýyş öýüne raýatlaryň eýeçilik hukugy bilen baglanyşykly jedelleri çözmek boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda

(25.07.2015 ý. № 2; 16.07.2016 ý. № 4; 27.12.2016 ý. № 11; 26.08.2017 ý. № 3; 18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen)

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimizde raýatlaryň kanunda bellenen tertipde abadanlaşdyrylan ýaşaýyş jaýyny edinmek ýa-da özbaşdak ýaşaýyş jaýyny gurmakda döwletden goldaw almak, şeýle-de ýaşaýyş jaýynyň eldegrilmesizligi hem-de kanunda kesgitlenen esaslar bolmasa, ýaşaýyş jaýyndan mahrum edilip bilinmezligi barada Türkmenistanyň Konstitusiýasynda berkidilen hukuklarynyň amala aşyrylmagy üçin zerur şertler üpjün edilýär.

Raýatlaryň ýaşaýyş öýüne bolan hukuklary döwlet tarapyndan goralýar. Hususy ýaşaýyş jaýynyň eýesi, eger şunuň bilen goňşularyň ýa-da beýleki üçünji şahslaryň hukuklaryny bozmaýan bolsa we munuň özi Türkmenistanyň kanunçylygyna garşy gelmeýän bolsa, öz islegine görä oňa erkin eýelik etmäge, peýdalanmaga we ygtyýar etmäge haklydyr. Ýaşaýyş öýüne eýeçilik hukugy bilen baglanyşykly jedelleriň kazyýetler tarapyndan dogry we öz wagtynda çözülmeginiň üpjün edilmegi hem raýatlaryň şu hukuklarynyň goralmagynyň kepillendirmesidir.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýaşaýyş öýüne eýeçilik hukugy bilen bagly gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän kanunçylyk namalarynyň kämilleşmegi netijesinde Türkmenistanyň täze Ýaşaýyş jaý kodeksiniň kabul edilmegi bilen baglylykda we kazyýetler tarapyndan şu görnüşli işler boýunça jedelleriň dogry seredilmegini üpjün etmek maksady bilen, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy

K A R A R E D Ý Ä R:

1. Kazyýetler ýaşaýyş öýüne raýatlaryň eýeçilik hukugy bilen baglanyşykly jedellere seredenlerinde, ýaşaýyş jaýyna ýa-da onuň bir bölegine hususy eýeçilik hukugynyň Türkmenistanyň Ýaşaýyş jaý kodeksiniň 23-26-njy maddalarynda görkezilen esaslar boýunça ýüze çykýandygyna, şeýle-de Türkmenistanyň kanunçylygyna garşy gelmeýän beýleki esaslar boýunça hem (mysal üçin wagt möhleti sebäpli gozgalmaýan emläklere eýeçilik hukugyny edinmek Türkmenistanyň RK-nyň 190-njy maddasy) ýüze çykyp bilýändigine üns bermelidirler.

2. Kazyýetler raýatlaryň eýeçiliginde olara bellenilen tertipde ýörite berlen ýer böleginde gurlan ýa-da kanuny esaslarda, mysal üçin, satyn almak, sowgat berilmegi, çalyşmak boýunça, miras almak hukugy we gaýry ýagdaýlarda döreýän hususy eýeçilik boýunça edinilen ýaşaýyş öýleriniň bölünip bilinýändigini göz öňünde tutmalydyrlar.

3. Ýaşaýyş öýüne eýeçilik hukugy bilen baglanyşykly aşakdaky jedeller kazyýetler tarapyndan seredilmäge degişlidir:

a) jaýa ýa-da onuň bir bölegine (paýa) eýeçilik hukugyny ykrar etmek hakyndaky;

b) paýly umumy eýeçilik hukugy esasynda birnäçe adama degişli bolan ýa-da är-aýala şärikli, ýa-da umumy eýeçilik hukugy esasynda degişli ýaşaýyş öýünden paýy bölüp bermek (jaý paýlamak) hakyndaky;

ç) eger öýüň üstünden, gapdalyndan giňeldip otag gurmaga ýa-da öýüň gurluşyny üýtgetmäge we goşmaça kömekçi gurluşyklary etmäge ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň rugsady bar bolup, ýöne muňa paýly umumy eýeçiligiň beýleki gatnaşyjylarynyň garşy bolýan halatynda;

d) öýden peýdalanmagyň tertibini kesgitlemek hakyndaky;

e) öý eýesiniň hak isleýiş arzasy boýunça öýden çykarmak, ýaşaýyş jaýyndan peýdalanmak hukugyny ýitiren diýip ykrar etmek hakyndaky;

ä) jaýa girizmek hakyndaky;

f) paýly umumy eýeçilige degişli öýden düşýän paýyň möçberini üýtgetmek hakyndaky;

g) paýly umumy eýeçilige degişli öýden düşýän paýy satyn almaklykdaky artykmaçlyk hukugy hakyndaky;

h) öýi satyn almak-satmak, çalyşmak, sowgat etmek we ş.m. baradaky şertnamalary hakyky däl diýip bilmek hakyndaky.

Türkmenistanyň RIÝK-nyň 40-njy maddasyna laýyklykda, gurlan öýe bolan hukuk hakyndaky hak isleýiş arzalary şol gurlan öýüň ýerleşýän ýerindäki kazyýete degişlidir. Şu hak isleýiş arzanyň haýsy kazyýete degişlidigi taraplaryň ylalaşygy bilen üýtgedilip bilinmez.

4. Birugsat gurlan jaýa we kömekçi gurluşyklara hem-de bellenen tertipde berlen ýer böleginde gurlan we bellenen tertipde ulanyşa kabul edilmedik, jemagat reýestrinde hasaba alynmadyk jaýlarda bellenen tertipde ýazgyda durup ýa-da ýazgyda durman ýaşaýan raýatlaryň eýeçilik hukugyny ykrar etmek, paýlamak, şeýle hem şonuň ýaly gurluşyklary ýykyp aýyrmak hakyndaky jedeller kazyýetler tarapyndan seredilmäge degişli däldir.

Geňeşlikleriň ýüplük (hojalyk) kitabynda hasaba alnan jaýlarda ýaşaýan raýatlaryň arasynda ýaşaýyş jaý baradaky ýüze çykan aşakdaky jedeller, ýagny:

a) ýaşaýyş jaýyndan peýdalanmak hukugyny ykrar etmek;

b) jaýa eýeçilik edýäniň hak isleýiş arzasy boýunça ýaşaýyş jaýyndan peýdalanmak hukugyny ýitiren diýip ykrar etmek, jaýdan çykarmak;

ç) jaýdan peýdalanmagyň tertibini kesgitlemek;

d) jaýa girizmek baradaky jedeller kazyýetlerde seredilmäge degişlidir.

5. Raýatyň öz eýeçiligine degişli öýüň gurluşygyna başga adamyň gatnaşmagy onuň şol gurlan öýüň bir bölegine eýeçilik hukugyny ykrar etmäge esas bolup

bilmeýär. Şu adamlar öz eden çykdajylaryny öýüň eýesiniň tölemegini talap etmäge haklydyr. Ýöne käbir halatlarda işiň hemme ýagdaýlaryndan ugur alyp, kazyýetler öýüň bir bölegine şeýle adamlaryň hukugyny ykrar edip bilerler. Şeýle ýagdaýda taraplaryň hakykatda nähili gatnaşykdadyklaryny jikme-jik barlamak, öýüň näme üçin şol öýüň bir bölegine eýeçilik hukugyny ykrar etdirmek isleýän adamlaryň gatnaşmagynda gurlandygynyň sebäplerini, olaryň arasynda öýe umumy eýeçiligi döretmek hakynda ylalaşygyň bolandygyny ýa-da bolmandygyny, şeýle-de ýer böleginiň umumy eýeçiligini döredýän raýatlara bölünip berilendigi baradaky ýagdaýlary anyklamak zerurdyr.

6. Gurluşyk edýäne onuň maşgala agzalary ýa-da garyndaşlary we beýleki adamlar tarapyndan gurluşyk etmäge ýardam edilmeginiň diňe bir özi olaryň gurluşyk edýän adama öýüň bölegine eýeçilik hukugyny ykrar etmek baradaky bildiren hak isleýiş arzasyny kanagatlandyrmaga esas bolup bilmeýär.

Şeýle hak isleýiş arza diňe öý gurýan bilen şol adamlaryň arasynda ýaşaýyş öýüne umumy eýeçilik döretmek hakynda ylalaşyk bolan bolsa we ýer böleginiň şol maksatlar üçin berlen halatynda we olar hut şu maksat bilen ýaşaýyş öýüniň gurluşygyna öz zähmetlerini we serişdelerini sarp eden bolsa kazyýet tarapyndan kanagatlandyrylyp bilner.

7. Kazyýet satyn almak-satmak şertnamasy boýunça şärikli edinilen öýe öz maşgala agzalarynyň umumy eýeçiligini ykrar etmek hakyndaky hak isleýiş arzany işiň anyk ýagdaýlaryny nazara alyp, ýagny şertnamada satyn alyjy hökmünde görkezilen maşgala agzasy bilen şu adamlaryň arasynda bilelikde öý satyn almak barasynda ylalaşyga gelnendigi we maşgala agzalarynyň öý satyn almaklyga hut şu maksat bilen öz serişdelerini goşandyklaryny takyklan bolsa, kanagatlandyryp biler.

Raýatyň öz eýeçiligine degişli öýüň gurluşygyna gatnaşan başga adamyň, onuň maşgala agzalarynyň ýa-da garyndaşlarynyň, şol gurlan öýüň bir bölegine eýeçilik hukugyny ykrar etmek baradaky hak isleýiş arzasy kanagatlandyrylan halatynda, kazyýet olaryň şol gurluşyga gatnaşygynyň derejesini, çykdajylaryny, sarp eden serişdelerini we beýleki ýagdaýlary göz öňünde tutup, olara düşýän paýyň möçberini kesgitlemelidir.

8. Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 52-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, är-aýalyň nikaly döwründe gurlan ýa-da edinilen öý, gurluşyk etmek üçin bellenilen tertipde ýörite berlen ýer böleginiň olaryň haýsysyna berlendigine, öý edinmek hakyndaky şertnamada olaryň haýsysynyň görkezilendigine we öýüň kimiň adyna resmileşdirlendigine garamazdan, olaryň bilelikdäki umumy emlägi bolýar.

Är-aýalyň emlägini paýlamak hakynda jedel ýüze çykanda, olaryň her birine öýden düşýän paýyň möçberi Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 56-njy maddasyna laýyklykda kesgitlenilýär.

Är-aýalyň öýden özüne düşýän paýyň deregine pul almaga razyçylygy bolan ýagdaýynda, öý olaryň beýlekisine berlip bilner ýa-da olaryň paýly umumy eýeçiliginde galdyrylyp bilner. Öý paýly umumy eýeçilikde galdyrylanda, kazyýet öz çözgüdinde olaryň her birine öýden düşýän paýyň möçberlerini görkezmäge borçludyr.

8^1. Türkmenistanyň Ýaşaýyş jaý kodeksiniň 60-njy maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, eger şertnamada ýaşaýyş jaýyny alyjy bilen başgaça göz öňünde

tutulmadyk bolsa, ýaşaýyş jaýyna eýeçilik hukugy ýaşaýyş jaýynyň eýesiniň erkine görä bes edilende (satmak, sowgat etmek) eýesiniň maşgala agzalary, onuň öňki maşgala agzalary we wagtlaýyn ýaşaýjylar başga ýaşaýyş jaý berilmezden çykarylýar.

Agzalan maddanyň talaplaryndan gelip çykyşyna görä, ýaşaýyş jaýyna eýeçilik hukugy başga adama geçen ýagdaýynda, ýaşaýyş jaýyň öňki eýesiniň razylygy bilen ýaşaýyş jaýyna göçürilip getirilen adamlar, şeýle hem ýaşaýyş jaýyň öňki eýesiniň maşgala agzalary, onuň öňki maşgala agzalary ýaşaýyş jaýyndan peýdalanmaga bolan hukuklaryny ýitirýärler. Şonuň üçin hem olar ýaşaýyş jaýyndan meýletin çykmakdan ýüz dönderen hatalynda, kazyýet tertibinde başga ýaşaýyş jaý berilmezden çykarylmaga degişlidir.

9. Dürli görnüşli hojalyk gurluşyklary (saraý, aşhana we ş.m.) kömekçi gurluşyklardyr we olar öý bilen bir bitewi birligi emele getirýärler. Şonuň üçin ýaşaýyş öýi satylanda şertnamada öýüň ozalky eýesi tarapyndan olary ýykmak ýa-da başga ýere geçirmek barada şertleşilmedik bolsa, onda olaryň hemmesi öýüň täze eýesine geçýär.

10. Käbir kazyýetleriň ýaşaýyş öýüne eýeçilik hukugy baradaky jedel bilen eýeçilik hukugy esasynda ýaşaýyş öýüniň eýesi bolmak faktyny takyklamaklygy (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 303-nji maddasynyň 2-nji böleginiň 6-njy bendi) biri-birinden tapawutlandyrmaýandyklaryny nazara alyp, eýeçilik hukugy esasynda ýaşaýyş öýüniň eýesidigi barada diňe bir ýagdaýda, ýagny şol öýe eýeçilik hukugy inkär edilmeýän, ýöne gyzyklanýan adam tarapyndan şol öýe hukuk beriji resminamalar ýitirilen mahaly takyklanýandygyny kazyýetlere düşündirmeli.

11. Bellenilen tertipde ýörite berlen ýer böleginde salnan we ulanylmaga kabul edilen ýaşaýyş öýüne eýeçilik hukugy şol öýüň ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynda bellenilen tertipde ulanyşa kabul edilip, döwlet belligine alnan pursatyndan ýüze çykýar.

Ýaşaýyş öýüniň gurluşygy gutarmanka bellenilen tertipde ýer bölegi bölünip berlen adamy çalşyrmak meselesi diňe şol ýer bölegini bölüp beren edaralar tarapyndan çözülýär.

Eger öýüň taýýar bolanlyk derejesi onuň bir böleginiň paýlanyp berlen ýagdaýynda şol bölegi alýan adamyň öz bölegini ahyryna çenli gurup gutarmaga tehniki mümkinçiliginiň barlygyny anyklamaga mümkinçilik berýän bolsa, onda kazyýet gurlup gutarylmadyk öý gurluşygyny şärikli alyp baran är-aýalyň, gurluşyk alyp barýanyň maşgala agzalarynyň, şeýle hem mirasdarlaryň talaby boýunça paýlap bermäge haklydyr.

Gurlup gutarylmadyk öýi paýlamak mümkinçiligi ýok mahalynda, kazyýet şu görkezilen adamlaryň gurluşyk materiallaryna we öýüň konstruktiw böleklerine hukuklarynyň bardygyny ykrar edip biler.

12. Öýe paýly umumy eýeçiligiň gatnaşyjysynyň talaby boýunça oňa düşýän paýy (öýi bölmek) şeýle ýagdaýlarda, ýagny, eger bölüp berilýän paý jaýyň aýratyn girelgeli aýratynlykda ýerleşýän bölegini (otagy) düzýän bolsa ýa-da öýüň şu bölegini zerurlyga görä täzeden abzallaşdyryp, aýratyn ýerleşýän bölege öwürmek mümkinçiligi bar mahalynda, kazyýet tarapyndan bölünip bilner.

Eger öýi bölüp bermäge tehniki mümkinçilik bar bolsa, ýöne şonda öý eýeleriniň paýlarynyň möçberi üýtgeýän bolsa, onda kazyýet işiň anyk ýagdaýlaryny nazara alyp, bölünip aýrylýan adam öz paýyndan artykmaç alýan böleginiň deregine pul tölemäge ýa-da özüne degişli paýyň beýleki öý eýelerinde galýan böleginiň deregine pul almaga razy bolsa, onda kazyýet bölüp alnyp berilýän paýyň möçberini köpeldip ýa-da azaldyp biler.

Öýden paý kesgitlenende kazyýet çözgütde öýüň haýsy aýratyn ýerleşýän böleginiň bölüp berilýändigini we onuň öýüň näçe bölegini tutýandygyny anyk görkezmäge borçludyr. Şonuň ýaly-da, öý eýeleriniň bölünip aýrylýanyna kömekçi gurluşyklaryň haýsylarynyň berilýändigi hem görkezilmelidir. Şunda umumy eýeçilikdäki öýden paýyny alan adam barasynda, öý doly paýlananda bolsa umumy eýeçiligiň ýatyrylýandygy çözgüdiň netije böleginde görkezilmelidir.

Paýly umumy eýeçilige gatnaşyjylaryň her biri umumy eýeçilikden öz paýynyň bölünip berilmegini talap etmäge haklydyr.

Eger paýy umumy emläkden bölüp bermegiň usuly hakynda ylalaşyk gazanylmasa, onda her bir gatnaşyjynyň hak isleýiş arzasy boýunça emläk zat (natura) görnüşinde bölünýär, eger munuň özi emlägiň hojalyk taýdan niýetlendirilen maksadyna onçakly zyýan ýetirmezden etmek mümkin bolsa, şeýle edilýär, eger emlägi zat (natura) görnüşinde bölmek başartmasa, onda emlägiň eýesine onuň deregine pul alnyp berilýär.

13. Türkmenistanyň Ýer hakyndaky kodeksiniň 113-nji maddasyna laýyklykda, ýer jedellerini çözýän edaralar- Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, ýer serişdelerini dolandyrmak baradaky döwlet edarasy, şeýle hem ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralary we kazyýetdir.

Ýer gatnaşyklary bilen baglanyşykly ýaşaýyş jaý jedelleri we raýatlaryň umumy hususy eýeçiligi bolup, olaryň arasynda ýer böleklerini hem ulanmaklygyň tertibini kesgitlemek kanunda bellenilen tertipde kazyýetler tarapyndan çözülýär.

14. Ýaşaýyş öýüni paýlamak hakyndaky barlyşyk ylalaşygyny tassyklanda, kazyýet Türkmenistanyň RIÝK-nyň 121-nji maddasyna laýyklykda, şu barlyşyk ylalaşygynyň kanuna ters gelmeýändigini, biriniň hukuklaryny we kanun tarapyndan goralýan bähbitlerini bozmaýandygyny, öýi barlyşyk ylalaşygynyň şertlerine laýyk paýlamaga tehniki mümkinçiligiň bardygyny barlamaga borçludyr.

15. Bölünip aýrylýan eýäniň paýynyň deregine berilmeli puluň möçberi ýaşaýyş öýüniň paýlanýan wagtyndaky hakyky gymmatyndan ugur alnyp kesgitlenilýär.

Eger öýüň gymmaty barada taraplar ylalaşyk gazanyp bilmeseler, onda öýüň hakyky gymmaty bilermenler tarapyndan ýa-da şu maksat bilen kazyýet tarapyndan döredilen düzüm tarapyndan gurluşyk harytlaryny satyn alyş bazaryndaky nyrhy, işçi güýjüne tölegi, öýüň köneliş derejesi, şeýle hem beýleki anyk ýagdaýlary (öýüň ýerleşýän ýeri, abadanlaşdyrylyşy we ş.m.) nazara alnyp kesgitlenilýär.

Paýy zat (natura) görnüşinde bölüp bermäge tehniki mümkinçilik bar bolsa, paýyň deregine pul tölemeklige ýol berilmeýär.

Şonuň bilen birlikde, bir tarapyň beýleki tarapa öýden düşýän paýyň deregine pul tölemegi barasynda iki tarapyň hem razyçylygy bolan mahalynda, kazyýet

Türkmenistanyň RIÝK-nyň 121-nji maddasyna we 259-njy maddasynyň 4-nji bendine laýyklykda, taraplaryň arasyndaky barlyşyk ylalaşygyny tassyklap biler.

16. Eger ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň rugsady we paýly umumy eýeçilige gatnaşyjylaryň beýlekileriniň razyçylygy bilen üstünden, gapdalyndan gurmaklygyň, üýtgedip gurmaklygyň netijesinde öýüň peýdaly ýaşaýyş meýdanynyň köpelendigi ýa-da üýtgeşme her bir eýäniň paýynyň takyk ölçeginden çykylyp geçirilen öý paýlaşygynyň netijesinde ýüze çykandygy, ýa-da eýeleriň birine onuň öýdäki paýynyň deregine pul tölenendigi takyklanan ýagdaýynda, öýe paýly umumy eýeçiligiň gatnaşyjylarynyň talaby boýunça kazyýet tarapyndan olaryň paýlarynyň ölçegleri üýtgedilip bilner.

17. Eger-de köp öýli ýaşaýyş jaýynda ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň rugsady we şol jaýdaky beýleki öýleriň eýeleriniň ýa-da paýly umumy eýeçilige gatnaşyjylaryň razyçylygy alynmazdan, baş-başdak gaýtadan enjamlaşdyrylan ýa-da meýilleşdirilişi üýtgedilen ýaşaýyş jaýyny öňki görnüşine getirtmek bilen bagly jedellere seredilende, ýaşaýyş jaýynyň baş-başdak gaýtadan enjamlaşdyrylmagy ýa-da onuň meýilleşdirilişiniň üýtgedilmegi üçünji şahsyň hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň bozulmagyna getirmeýän ýa-da adamyň janyna ýa-da saglygyna howp döretmeýän bolsa, kazyýetler ýaşaýyş jaýyny gaýtadan enjamlaşdyrylan ýa-da meýilleşdirilişi üýtgedilen ýagdaýda galdyryp bilerler. Şunda diňe iş boýunça degişli hünärmenleriň pikiri nazara alynmak bilen çäklenilmeli däldir we iş boýunça zerur bolan halatynda degişli bilermenler seljermesi bellenilip onuň beren netijenamasyna hem degişli baha berilip karara gelinmelidir.

18. Döwlet ýaşaýyş jaý gaznasyna degişli ýaşaýyş jaýyny kireýine alyjy bile ýaşaýan kämillik ýaşyna ýeten maşgala agzalarynyň razylygy bilen ol ýaşaýyş jaýyny Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen şertlerde we tertipde hususylaşdyrmaga haklydyr we şunda eger şertnamada başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, döwlet ýaşaýyş jaý gaznasyna degişli ýaşaýyş jaýy kireýine alyjy tarapyndan hususylaşdyrylanda ol ýaşaýyş jaýy kireýine alyjynyň we onuň bile ýaşaýan maşgala agzalarynyň, şol sanda wagtlaýyn başga ýere gidenleriň we kämillik ýaşyna ýetmedikleriň umumy bilelikdäki eýeçiligine geçýändigini kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

19. Kazyýetler döwlet we jemgyýetçilik hajatlary üçin ýer böleginiň yzyna alynmagy bilen bagly jedellere seredenlerinde, ýykylan hususy ýaşaýyş jaýynyň deregine eýesine, onuň bile ýaşaýan maşgala agzalaryna, şeýle hem ýaşaýyş jaýynyň ýykylmagyna çenli bu ýaşaýyş jaýynda hemişelik ýaşaýan beýleki adamlara olaryň razylygy bilen we ýykylan ýaşaýyş jaýynyň eýesiniň saýlamagy boýunça oňa başga deň derejeli abadanlaşdyrylan ýaşaýyş jaýy (durmuş we beýleki hajatlary kanagatlandyrmak üçin kömekçi peýdalanylýan jaýlary hasaba almazdan) hususy eýeçilik hukugy esasynda berilmelidigine ýa-da ýykylan ýaşaýyş jaýynyň, onuň kömekçi hojalyk binalarynyň, beýleki desgalaryň we ekinleriň bahasynyň möçberinde öwez puly tölenilmelidigine üns bermelidirler. Şunda baha barada jedel ýüze çykan bolsa we işde bar bolan resminamalar bilen bahany kesgitlemek mümkin bolmasa, bahany kesgitletmek üçin degişli bilermenler seljermesini bellemelidirler.

Ýer böleginiň yzyna alynmagy bilen bagly hususy ýaşaýyş jaýy ýykylanda eýesine, onuň maşgala agzalaryna, şeýle hem bu jaýda hemişelik ýaşaýan adamlara

olaryň islegine görä ýykylýan ýaşaýyş jaýynyň, onuň kömekçi hojalyk binalarynyň, beýleki desgalarynyň we ekinleriň bahasyny tölemek bilen bellenilen möçberde hususy eýeçilige özbaşdak ýaşaýyş jaýyny gurmak we oňa hyzmat etmek üçin ýer bölegi berlip bilner. Şunda hususy eýeçilige özbaşdak ýaşaýyş jaýyny gurmak üçin üç ýyldan köp bolmadyk möhlete wagtlaýyn ýaşaýyş jaýy kireýine almak-bermek şertnamasynyň şertlerinde berilmelidir.

20. Öý eýeleriniň talaby boýunça kazyýet olaryň paýly umumy ýa-da şärikli eýeçilikdäki ýaşaýyş öýünden peýdalanmagyň tertibini kesgitlemäge haklydyr.

Öý eýeleriniň peýdalanmagy üçin aýratyn ýaşaýyş otagy, şol sanda aýratyn ýerleşmedik ýaşaýyş otagy hem bölünip berlip bilner. Kömekçi jaýlar we gurluşyklar (basgançaklar, koridorlar, ýyladyş enjamlary we ş.m.) umumy peýdalanmakda galdyrylyp bilner.

21. Kazyýetler ýaşaýyş jaýyna hususy eýeçilik hukugyny we onuň bilen bagly geleşikleri döwlet belligine almak olar barada maglumatlary Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde tassyklanylan Jemagat sanawyna girizmek arkaly geçirilýändigi hem-de degişli resminamanyň berilmegi ýa-da döwlet belligine aldyrmak üçin berlen resminamada degişli ýazgynyň edilmegi bilen tassyklanylýandygy sebäpli ýaşaýyş jaýyna hususy eýeçilik hukugyny we onuň bilen bagly geleşikleri hakyky däl diýip bilmek baradaky jedellere seredenlerinde bellige almagy hakyky däl diýip bilmek baradaky, zerur bolan halatlarynda geleşik bilen bagly çykdajylary degişlilikde gaýtaryp bermek baradaky meseleleri hem çözmelidirler.

22. Kazyýetler ýaşaýyş jaýyna hususy eýeçilik hukugyny we onuň bilen bagly geleşikleri döwlet belligine almakdan boýun gaçyrylmagy ýa-da bellige almak möhletiniň bozulmagy baradaky arzalara wezipeli adamlaryň bikanun hereketlerine şikaýat etmegiň tertibinde seredilmelidigine üns bermelidirler.

23. Ýaşaýyş öýüni paýlamak hakyndaky jedeli çözmek üçin ýaşaýyş öý gurluşygy we jemagat hojalygy babatynda ýörite bilimiň bolmagynyň uly ähmiýeti bardyr, şonuň üçin toplanylan resminamalaryň we taraplaryň düşündirişleriniň esasynda öýüň we hojalyk maksatly gurluşyklaryň bir bölegiň eýeleriniň paýlaryna laýyklykda, tehniki, ýangyna garşy sanitar kadalary saklap bölüp berip boljakdygy, paýlap bermegiň ýa-da otaglary peýdalanmaga bermegiň mümkin bolan bölegini täzeden abzallaşdyrmak üçin zerur bolan çykdajylaryň möçberi hakyndaky netijäni we ş.m. almak üçin bilermenler seljermesini bellemek meselesi ähli ýagdaýlarda ara alnyp maslahatlaşylmalydyr. Eger üýtgedip gurmaga ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň rugsady bar bolsa, onda kazyýet öýi täzeden abzallaşdyrmak usuly bilen öý paýlamak hakyndaky talaby kanagatlandyrmaga haklydyr.

24. Ýaşaýyş öýüne ýa-da onuň bölegine eýeçilik hukugynyň bozulmagy bilen baglanyşykly hak islegleri babatynda Türkmenistanyň RK-nyň 151-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, hak isleýiş wagtynyň möhleti talabyň ýüze çykan pursadyndan geçip başlaýar.

25. Ýaşaýyş öýüne eýeçilik hukugy bilen baglanyşykly jedeller boýunça işi kazyýet seljerişine taýýarlanda, kazy zerur subutnamalary, ýer bölegini bermek hakyndaky şertnamany, öýüň ulanylmaga kabul edilendigi hakyndaky ykrarnamany, öýüň kime degişlidigi hakynda tükelleýiş edarasynyň, degişli ýerine ýetiriji

häkimiýetleriň ýerli edaralarynyň güwänamasyny, satyn almak-satmak, sowgat bermek şertnamasyny, öýüň we berilen ýer böleginiň çyzgysyny we ş. m. getirip bermegi taraplara teklip etmelidir we şeýle resminamalary almaga ýardam bermelidir.

Zerur halatlarda öýe eýeçilik hukugy hakyndaky jedeller boýunça işlere ýaşaýyş jaý-jemagat hojalyk edaralary çekilmelidirler.

26. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň raýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri ýaşaýyş öýüne eýeçilik hukugy bilen baglanyşykly jedelleriň çözülişiniň kazyýet iş tejribesini wagtal-wagtal umumylaşdyrmalydyrlar we şu görnüşli işlere seretmekde goýberilýän kemçilikleri aradan aýyrmak barada çäreler görmelidirler hem-de aşakda duryan kazyýetlere bu ugurda kömek bermek işini yzygiderli alyp barmalydyrlar.

27. Şu Kararyň kabul edilmegi bilen Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumynyň 1997-nji ýylyň 2-nji oktýabryndaky "Ýaşaýyş öýüne raýatlaryň eýeçilik hukugy bilen baglanyşykly jedelleri çözmek boýunça kazyýet iş ýörelgeleri hakyndaky" № 11 Kararyny güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy B.Çaryýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy Ş.Haýytow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 6

2014-nji ýylyň 12-nji noýabry Aşgabat şäheri

Kontrabanda baradaky işler boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda

(08.12.2018 ý. № 7; 17.10.2020 ý. № 11; 18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3; 19.10.2024 ý. № 9; 19.07.2025 ý. № 4, 18.10.2025 ý. № 10; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen)

Kontrabanda üçin jogapkärçilik baradaky kanunçylygyň birmeňzeş, dogry ulanylmagyny üpjün etmek maksady bilen we ýüze çykan meseleler boýunça kazyýetlere düşündiriş bermegiň zerurdygy sebäpli, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy,

K A R A R E D Ý Ä R:

1. Kontrabanda ykdysady gatnaşyklaryň kanunalaýyk, sazlaşykly ýola goýulmagyna, şeýle-de Türkmenistanyň jemgyýetçilik bähbidine we döwlet howpsuzlygynyň düzgünlerine garşy edilýän, şunuň bilen baglylykda bolsa başga jenaýatlaryň hem, şol sanda has agyr jenaýatlaryň edilmegine getirýän jenaýatlaryň biri bolup duryandygyna, şunda ykdysady gatnaşyklaryň kanunalaýyk, sazlaşykly ýola goýulmagyna garşy edilen kontrabandanyň Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 276-njy maddasynyň 1-nji we 2-nji böleklerinde, Türkmenistanyň jemgyýetçilik bähbidine, ilatyň saglygyna we döwlet howpsuzlygynyň düzgünlerine garşy edilýän kontrabandanyň bolsa ondan aýratynlykda, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 276-njy maddasynyň 3-nji we 4-nji böleklerinde göz öňünde tutulandygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

2. Kazyýetler tarapyndan kontrabanda baradaky işlere seredilende deslapky derňewiň ýa-da anyklaýşyň dolulygy barlanylyp, şunda Türkmenistanyň Gümrük kodeksiniň talaplarynyň berjaý edilişine aýratyn üns bermek bilen, bildirilen aýbyň her bir halatyna degişli ýagdaýlar, işi kazyýetde seredilýänleriň her biri babatynda hemmetaraplaýyn, doly we dogry seljerilip, jenaýatyň maksady, işi kazyýetde seredilýäniň niýetiniň anyk nämä gönükdirilendigi, onuň şahsyýetine degişli maglumatlar çuňňur derňelip aýdyňlaşdyrylmalydyr.

Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işlerine seredilende, olaryň kontrabanda etmeklerine ulularyň täsiri, ýaşaýyş-durmuş we terbiýeleniş şertleri barada has giňden maglumat toplamak maksady bilen şol ýagdaýlar kazyýetde kämillik ýaşyna ýetmedikleriň kanuny wekilleriniň we mugallymlaryň, şeýle-de kämillik ýaşyna ýetmedikler baradaky toparyň wekiliniň gatnaşmaklarynda barlanylmalydyr.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 276-njy maddasynyň 3-nji we 4-nji bölekleri bilen aýyplanýanlaryň jenaýat işleri Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 61-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda welaýat, welaýat hukukly şäher kazyýetlerinde seredilmäge degişlidigini kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

3. Kontrabanda, bu ýörite düzgünleri bellenen harytlaryň ýa-da başga zatlaryň, ýagny kanun ýa-da beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary arkaly Türkmenistandan çykarmagyň ýa-da oňa getirmegiň düzgünleri bellenen harytlaryň ýa-da zatlaryň uly möçberini, şeýle-de Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 276-njy maddasynyň 3-nji böleginde görkezilen harytlaryň we zatlaryň gümrük serhedinden bellenen tertip-düzgünleriň bozulyp, Türkmenistanyň gümrük serhedinden bikanun geçirilmegidir.

Türkmenistanyň Gümrük kodeksiniň 4-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň gümrük serhediniň Türkmenistanyň Döwlet serhedi bilen doly gabat gelýändigine, şeýle hem Türkmenistanyň ýuridik taýdan garamagynda durýan Türkmenistanyň aýratyn ykdysady zolagynda we Türkmenistanyň kontinental şelfinde ýerleşen emeli adalaryň, desgalaryň we gurluşlaryň hem-de Türkmenistanyň çäginde Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döredilen we Türkmenistanyň gümrük çäginiň bir bölegi bolup durýan ýörite ykdysady zolaklaryň serhetleriniň Türkmenistanyň gümrük serhedi bolup durýandygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli. Şunda ýörite ykdysady zolagynyň serhediniň diňe bu zolakda ulanylmagy üçin gümrük-töleg ýeňillikleri berlip daşary ýurtlardan getirilen harytlar hem-de bu zolagyň üsti bilen Türkmenistanyň beýleki sebitlerinden eksport edip iberilýän harytlar üçin gümrük serhedi bolup durýandygy göz öňünde tutulmalydyr.

4. Harytlaryň ýa-da başga närseleriň gümrük serhedinden bikanun geçirilmegi diýip, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 276-njy maddasynda göz öňünde tutulan harytlaryň, gymmatlyklaryň we başga närseleriň (mundan beýläk kontrabanda närseleriniň) islendik usul bilen, şol sanda turba geçiriji we elektrik toguny geçiriji ulgamlarynyň ulanylmagy bilen ýa-da serhet belgilerinden üstaşyr zyňmak, suwdan akdyryp goýbermek, adamyň ýa-da haýwanyň içine salmak arkaly geçirilmegini, Türkmenistanyň gümrük serhedine getirilmegine şeýle-de onuň çäginden çykarylmagyna düşünilmelidir. Şunda agzalan kontrabanda närseleriniň gümrük postundan başga ýerden ýa-da gümrük serhediniň başga ýerinden geçirilendiginiň ähmiýeti ýokdur.

Tükmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 276-njy maddasynyň 1-nji we 2-nji böleklerinde göz öňünde tutulan kontrabandanyň närseleri diýip, gümrük serhedinden geçirmegiň ýörite bellenen düzgünleri bozulyp geçirilýän gozgalýan emläkleriň islendik görnüşine, şol sanda nagt görnüşindäki pul serişdelerine, mallara, elektrik, ýylylyk we beýleki görnüşli energiýa göteriji gymmatlyklara we şuňa meňzeşlere, Tükmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 276-njy maddasynyň 3-nji we 4-nji böleklerinde göz öňünde tutulan kontrabandanyň närseleri diýip bolsa, şu maddanyň 3-nji böleginde anyk sanalyp geçilen närselere we Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirmegiň ýörite düzgünleri bellenilen strategik möhüm çig mal harytlaryna, sungat eserlerine (şekillendiriş grafikasy, žiwopis), gadymy

zatlara, medeni, çeperçilik, taryhy, arheologiýa, ylmy, ruhy-ahlak gymmatlyklary bolan närselere, ýitip ýok bolmak howpy astyndaky ösümlik we haýwanat dünýäsiniň wekillerine we şuňa meňzeşlere düşünilmelidir.

5. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 276-njy maddasynyň 1-nji we 2-nji böleklerinde göz öňünde tutulan kontrabanda närseleriniň, şol sanda nagt pul serişdeleriniň hem, gümrük serhedinden bellenen ýörite düzgünleriň bozulyp, geçirilendigi üçin jenaýat jogapkärçiligiň administratiw jogapkärçilikden tapawudy şol närseleriň uly möçberde bolmagyndadyr. Kontrabanda edilip nagt pul serişdeleriniň geçirilendigi üçin degişli jenaýat jogapkärçilige çekmek meselesi çözülende, Türkmenistanda bellenen tertipde kesgitlenen erkin aýlanýan puluň (oňa barabar derejede milli ýa-da beýleki daşary ýurt pulunda resmi hümmeti boýunça) çäginden ýokary geçýän bikanun geçirilen nagt pul serişdeleriniň uly möçberde bolmagydyr. Şunda "Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda" Türkmenistanyň kanunyna we şunuň bilen baglylykda beýleki kadalaşdyryjy hukuknamalara laýyklykda, Türkmenistanda erkin aýlanýan puluň çäginiň bellenilýändigine we şondan ugur alynmalydygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Türkmenistanyň gümrük serhedinden bikanun geçirilen kontrabanda närseleriniň gymmaty Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilen binýatlyk mukdarynyň ýüzüsinden geçýän bolsa, ol uly möçber diýlip hasap edilýär. Şunda bikanun geçirilen harytlar görnüşi boýunça iki ýa-da köp dürli bolanda olaryň gymmaty goşulyp umumy jemi boýunça hasaplanylmalydyr. Emma nagt pul serişdeleri muňa girmeýär, çünki ýokarda agzalan kanun we kadalaşdyryjy hukuknamalar bilen nagt pul serişdelerini gümrük serhedinden geçirmekliginiň ýörite düzgünleri bellenendir. Oňa görä-de, nagt pul serişdeleriniň ähli möçberi we görnüşleri (oňa barabar derejede milli ýa-da beýleki daşary ýurt pulunda resmi hümmeti boýunça) beýleki harytlardan aýratynlykda jemlenip hasaplanylmalydyr.

Harytlaryň gymmaty «Gümrük paçlaryny tölemegiň tertibi hakyndaky» Düzgünnama esasynda hasaplanylýar. Eger ol mümkin bolmadyk ýagdaýlarda bilermenler seljermesi bellenilip anyklanylmalydyr.

6. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 276-njy maddasynyň 1-nji böleginde göz öňünde tutulan kontrabanda närseleriniň gümrük serhedinden bellenen tertip-düzgünleriň bozulyp, bikanun geçirilmegi üçin jenaýat jogapkärçiligi diňe aşakdaky alamatlaryň biri ýa-da birnäçesi bolan ýagdaýynda ýüze çykýar:

a) harytlaryň ýa-da başga närseleriň gümrük gözegçiliginden rugsatsyz ýa-da ondan gizläp uly möçberde geçirilmegi;

b) harytlaryň resminamalarynyň ýa-da serişdeleriň gümrük barabarlygynyň (kybaplygynyň) aldaw ýoly bilen peýdalanmak arkaly geçirilmegi;

ç) harytlaryň deklarasiýa edilmän, ýa-da olary nädogry deklarasiýa etmek bilen geçirilmegi;

Kazyýetiň höküminde kontrabandada günäkär adamyň hereketlerinde sanalyp geçilen alamatlaryň haýsylarynyň bardygy görkezilmelidir. Eger derňew edaralary tarapyndan aýyp bildirilip, günäkäriň hereketlerinde kontrabandanyň anyk alamatlary görkezilmedik bolsa, onda jenaýat işi goşmaça derňew geçirmeklige iberilmelidir.

7. Kontrabanda närseleriniň gümrük gözegçiliginden gizlenip geçirilmegi Türkmenistanyň kanunlaryny we Türkmenistanyň gatnaşýan halkara şertnamalarynyň berjaý edilmegini üpjün etmek üçin gümrük edaralarynyň amala aşyrýan çärelerinden boýun gaçyryp, onuň gözegçiliginden sypmagy, ondan gizlinlikde hereket etmegi aňladýar. Ýörite gizlenilýän ýerler diýlip kontrabanda maksady bilen taýýarlanylan gizlin ýerleri, şeýle hem bu maksatlar bilen ulag serişdelerinde enjamlaşdyrylan we abzallaşdyrylan deslapdan sökülýän, gurnalýan ýa-da dürli gaplary we närseleri hasap etmek bolýandygyny kazyýetlere düşündirmeli.

Resminamalaryň aldaw ýoly bilen peýdalanylmagy diýlende, galp ýa-da nädogry ýazgylar girizilen resminamalar, şeýle hem degişli ygtyýarlygy bolmadyk edaradan alnan resminamalar boýunça kontrabanda närseleriniň gümrük gözegçiliginden geçirilmegine düşünilmelidir. Şunda günäkäriň hereketleriniň Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 276-njy maddasynyň degişli bölegi bilen maddalaşdyrylmagy ýeterlikdir we ol Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 240-njy maddasy bilen maddalaşdyrylmagyny talap etmeýär.

Serişdeleriň gümrük barabarlygy (kybaplygy) diýilmegine gümrük serhedinden geçirilýän zatlary daşaýan ulag serişdesine, konteýnere ýa-da zatlaryň gabyna, daşlygyna goýlan gümrük plombalaryna we möhürlere, zatlara gümrük edaralary tarapyndan ýazylan sanly, harply ýa-da başga belgilere, goýlan möhürçelere, zatlar babatda ulanylan çyzgylara, masştably şekillere, fotosuratlara, wideoýazgylara, illýustrasiýalara olaryň hakykatdan-da geçirilýän zatlara degişlidigine ýa bolmasa harydyň, ulagyň görnüşi barasynda ýörite sypatlandyryjy ýazgynyň ýazylmagyna we şolar ýaly beýleki deňeşdirme arkaly bilnip bolaýjak zatlara düşünilýär. Şol belliklerіň üýtgedilmegi bilen gümrük gözegçiligi aldanyp, haryt geçirilen ýagdaýynda serişdeleriň gümrük barabarlygynyň aldaw ýoly bilen peýdalanmak arkaly geçirilmegi diýip hasap edilmelidir. Harytlary we olaryň resminamalaryny barabarlamak (kybaplamak) Türkmenistanyň Gümrük kodeksiniň 48-nji maddasyna laýyklykda amala aşyrylýar.

Kontrabanda närseleri Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilende, Türkmenistanyň Gümrük kodeksiniň 74-88-nji maddalaryna laýyklykda deklarirlenilip, gümrük edaralaryna görkezilýär. Eger deklarirlemek işi şu tertipde geçirilmese ýa-da nädogry deklarirlense, şeýle hereketler kontrabanda närseleriniň deklarasiýa edilmän, ýa-da olary nädogry deklarasiýa etmek bilen geçirilmegi diýip hasap edilýär.

8. Kontrabanda bilen baglanyşykyly jenaýatçylykly hereketler gutaran diýip, gümrük gözegçiliginden geçilýän ýerlerde bikanun usullaryň ulanylan wagtyndan hasaplanýar. Mysal üçin, kontrabanda närseleriniň gizläp geçirmek maksady bilen gümrük serhedine getirilip, ol hakda nädogry resminamalaryň berilmegi jenaýatyň gutarandygyny aňladyp biler. Gümrük gözegçiliginiň ýola goýulmadyk başga gizlin ýerlerden kontrabanda närseleriniň hakykat ýüzünde geçirilen pursadyndan jenaýat gutaran diýip hasap edilýär. Şunda jenaýatçylykly netijäniň ýüze çykmagynyň ýa-da çykmazlygynyň ähmiýeti ýokdur. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 276-njy maddasynyň 3-nji böleginde görkezilen zatlar Türkmenistanyň gümrük

serhedinden geçirmek maksady bilen gümrük gözegçiligine gizlin getirilen wagtyndan jenaýat gutaran diýip hasap edilýär.

9. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 276-njy maddasynyň 1-nji we 2-nji böleklerinde göz öňünde tutulan kontrabandanyň obýekti döwletiň ykdysady işi amala aşyrmak boýunça tertibiniň bozulmagy bolup durýar. Obýektiw tarapdan ol şol maddanyň agzalan böleklerinde göz öňünde tutulan uly möçberdäki harytlaryň ýa-da beýleki gymmatlyklaryň gümrük serhedinden bikanun geçirilmeginden ybaratdyr. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 276-njy maddasynyň 3-nji we 4-nji böleklerinde göz öňünde tutulan kontrabandanyň obýekti bolsa döwletiň we jemgyýetiň howpsuzlygyna şeýle-de ilatyň saglygyna howp salynmagydyr.

10. Kontrabandanyň subýekti 16-y ýaşy dolan akyly düzüw islendik adamdyr. Kontrabanda subýektiw tarapdan bilkastlaýyn, göni niýet bilen edilýän jenaýatdyr, çünki günäkär edýän hereketleriniň howplulygyna düşünýär we şol hereketiň amala aşyrylmagyny isleýär.

Gümrük gözegçiliginden boşadylan adamlar Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirmegiň ýörite düzgünleri bellenen kontrabanda närseleri gümrük serhedinden uly möçberlerde geçirse ýa-da Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 276-njy maddasynyň 3-nji böleginde görkezilen zatlary geçirse, olar hem kontrabanda edendigi üçin jenaýat jogapkärçiligine çekilmäge degişlidir, çünki olar üçin şu babatda kanun arkaly hiç hili ýeňillikler bellenen däldir. Olar diňe Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 276-njy maddasynyň 1-nji böleginde göz öňünde tutulan, Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirmegiň ýörite düzgünleri bellenen harytlary ýa zatlary gümrük serhedinden uly bolmadyk möçberlerde geçirse, geçiriş usulyna garamazdan adminstratiw jogapkärçilikden boşadylandyr.

Eger kontrabandany amala aşyran adamyň özi üçin bellenilen resminamalary we degişli rugsady bolmazdan Türkmenistanyň goralýan Döwlet serhedinden bikanun geçen ýagdaýynda onuň hereketleri jenaýatlaryň jemi boýunça Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 276-njy we 235-nji maddalarynyň degişli bölekleri bilen maddalaşdyrylmalydyr.

11. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 276-njy maddasynyň 2-nji bölegi onuň 1-nji böleginde görkezilen jenaýatçylykly hereketleriň günäni agyrlaşdyrýan ýagny şu aşakdaky ýagdaýlarda amala aşyrylmagyny göz öňünde tutýandygyny kazyýetler ünsden düşürmeli däldirler.

a) gaýtadan;

b) deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan ýa-da guramaçylykly topar tarapyndan;

ç) wezipeli adamyň öz gulluk ýagdaýyny peýdalanmak bilen ýa-da gümrük gözegçiliginden boşadylan adam tarapyndan;

g) gümrük gözegçiligini amala aşyrýan adama zorluk ulanmak arkaly edilen bolsa;

Jenaýatyň gaýtadan edilmegi diýlip ozal iş kesilendigine ýa-da kesilmändigine garamazdan, ozal Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiň 276-njy maddasynyň 1-nji böleginde görkezilen jenaýaty eden adam tarapyndan, ýene-de şol jenaýatyň edilmegine düşünilmelidir.

Ozal Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 276-njy maddasynyň 3-nji we 4-nji böleklerinde görkezilen kontrabandany eden adam ikinji sapar şol maddanyň 1-nji ýa-da 2-nji böleklerinde görkezilen jenaýatlary etse ýa-da ozal Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiň 276-njy maddasynyň 1-nji we 2-nji böleklerinde görkezilen kontrabandany eden adam ýene-de şol maddanyň 3-nji ýa-da 4-nji böleklerinde görkezilen jenaýatlary etse, ol şol jenaýaty gaýtadan eden diýip hasaplanylyp bilinmez. Şeýle hem, eger-de ozalky eden jenaýaty üçin günäkär jenaýat jogapkärçiliginden boşadylan bolsa, günälilik aýby öz-özünden aýrylan ýa-da aýrylan bolsa, wagt möhletiniň dolmagy sebäpli ol jenaýat jogapkärçiliginden boşadylan bolsa ýa-da günä yglan edilen höküm babatda wagt möhleti geçen bolsa, jenaýat gaýtadan edilen diýlip hasaplanyp bilinmez.

Kontrabanda Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 276-njy maddasynyň 2-nji bölegi bilen maddalaşdyrylanda, jenaýatyň deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan edilendigi baradaky düşünjäniň Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 31-nji maddasyndaky kesgitlemesinden ugur alynmalydyr.

Guramaçylykly topar tarapyndan edilmegi kontrabanda etmek maksady bilen ýörite birleşen iki we şondan-da köp adamlaryň öňünden birleşen durnukly topary tarapyndan edilmegidir. Onuň üçin diňe öňünden birleşen toparyň guralmagy ýeterlik däldir, topar durnukly hem bolmalydyr ediljek jenaýatçylykly hereketiň öňünden meýilleşdirilmegi, jenaýaty amala aşyrmagy ýeňilleşdirýän guralyň taýýarlanmagy, ony ulanmagyň usullary, jenaýatyň şäriklériniň bolmagy we yrylmagy, ýerine ýetirilmeli hereketleriň öňünden bölüşilmegi, jenaýaty ýaşyrmak üçin çäre görülmegi, köpçüligiň bir guramaça boýun bolmagy toparyň durnuklylygyny aňladyp biler. Şunda şäriklériň hereketleri Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 30-njy maddasy we 276-njy maddasynyň degişli bölegi bilen maddalaşdyrylmalydyr.

Kontrabandanyň amala aşyrylmagyna ýardam eden adamlar, eger olaryň hereketleri kanunda görkezilen alamatlaryň bolmanda birine gabat gelse, bu jenaýata gatnaşyjy hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekilmäge degişlidir.

Kontrabanda wezipeli adamyň öz gulluk ýagdaýyny peýdalanmagy bilen edilen diýip, öz gulluk ýadaýy boýunça gümrük we serhet gözegçilik wezipelerini amala aşyrýan wezipeli adamlar, şeýle hem kontrabanda etmek maksady bilen gulluk ýagdaýyny hyýanatçylykly ulanan beýleki wezipeli adamlardyr.

Öz gulluk ýagdaýyny peýdalanmak bilen kontrabanda eden wezipeli adamyň hereketleri Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 196-njy maddasy boýunça goşmaça maddalaşdyrylmagy talap etmeýär.

Gümrük gözegçiliginden boşadylan adam tarapyndan kontrabanda edilmegi diýip, kanunlara laýyklykda eýelenen wezipä, işlenýän ýere, halkara ylalaşyklara görä, halkara guramalaryň hem-de diplomatik işgärleriň statusyna laýyklykda, gümrük gözegçiliginden boşadylan adamyň Türkmenistanyň gümrük serhedinden Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 276-njy maddasynyň 1-nji böleginde göz öňünde tutulan harytlary ýa-da gymmatlyklary uly möçberde bikanun geçirmegine düşünilmelidir. Mysal üçin, diplomatik pasportlary bolan adamlar gümrük gözegçiliginden boşadylýarlar. Şol adamlar şu Kodeksiň 276-njy maddasynyň 1-nji ýa-da 3-nji böleginde görkezilen hereketleri etse, kontrabanda gümrük

gözegçiliginden boşadylan adam tarapyndan edilen hökmünde degişlilikde şol maddanyň 2-nji we 4-nji böleklerindäki jenaýatlaryň alamatlary ýüze çykýar.

Gümrük gözegçiligini amala aşyrýan adam barasynda zorluk ulanmak diýmek, onuň gümrük wezipelerini amala aşyrmagy bilen baglanyşyklylykda onuň garşysyna zorlugyň ulanylmagydyr. Zorluk fiziki ýa-da psihiki taýdan ulanylyp bilner.

Fiziki zorluk ulanmak diýlip, güýç ulanmagyň islendik görnüşine, urmaklyga, düýpli zyýan ýetirmäge ýa-da gaýry güýç ulanmak netijesinde synany fiziki taýdan agyrtmaklyga, syna zyýan ýetirilmeklige, şeýle hem adamy güýç ulanmak bilen onuň azatlygyny çäklendirmäge düşünilýär. Psihiki zorlugy ulanmak diýlip, görkezilen fiziki zorluklaryň hakykat ýüzünde salynmak howpunyň döredilmegine düşünilýär. Mysal üçin, jebir çekene pyçak görkezip, diýleni etmese, onuň pyçaklanjakdygy barada haýbat atylmagyna psihiki zorlugyň ulanylmagy diýmek bolar. Eger-de fiziki zorluk ulanylanda adamyň saglygyna agyr ýa-da orta agyrlykdaky zyýany ýetiren ýa-da adamyň ölümine getiren hereketler, şeýle-de jemgyýetçilik tertibi bozulyp huligançylykly hereketleri amala aşyrylan bolsa, onda bu hereketler Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 276-njy maddasynyň degişli bölekleri bilen bilelikde, 107-108-nji ýa-da 101-nji maddalarynyň şeýle hem 310-njy maddasynyň degişli bölekleri bilen jenaýatyň umumy jemi boýunça maddalaşdyrylmaga degişlidir.

Kontrabanda zorluk ulanmak arkaly amala aşyrylanda kesekiniň emläginiň bilkastlaýyn ýoklanylmagy ýa-da zaýalanmagy, eger şunda ep-esli möçberde zyýan ýetirilen bolsa ýa-da kesekiniň emlägi otlamak, partlatmak ýa-da başga bir köpçülik üçin howply usul bilen ýok edilen ýa-da zaýalanan bolsa, şeýle hereketler Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 276-njy we 256-njy maddalary bilen jenaýatlaryň umumy jemi boýunça maddalaşdyrylmalydyr. Şunda eger jebir çeken adama ýetirilen zyýanyň möçberi Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen binýatlyk mukdarynyň onusyndan geçse, onda ep-esli möçberde zyýan ýetirilen diýlip hasap edilýär.

12. Günäkäriň hereketleri Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 276-njy maddasynyň 3-nji bölegi bilen maddalaşdyrylanda kontrabanda närseleriniň her biriniň aýratynlykda aýdyňlaşdyrylmagyny talap edýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Türkmenistanyň gümrük serhedinden neşe serişdeleriň ýa-da psihotrop we olaryň prekursorlarynyň, neşe serişdelerini ýa-da psihotrop maddalary taýýarlamakda ulanylýan gurallary, düzüminde tramadol gidrohlorid (tramadolyň beýleki önümleri) ýa-da başga psihoaktiw maddalar bolan uly möçberdäki derman serişdeleriniň, güýçli täsir ediji, zäherli, awuly, radioaktiw ýa-da partlaýjy jisimleriň, ýaraglaryň, ýaryjy gurallaryň, ok atýan ýaragyň ýa-da ok-därileriň, ýadro, himiki, biologik we köpçülikleýin gyryş ýaraglarynyň, beýleki görnüşlerini geçirmek üçin degişli rugsatnama bolmazdan geçirilse, köpçülikleýin gyryş ýaraglary döredilýän mahaly peýdalanylyp bilinjek materiallaryň we enjamlaryň bolsa Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirmegiň ýörite düzgüni girizilen ýagdaýynda şol düzgün bozulyp geçirilse olaryň geçiriliş usulyna garamazdan, bu hereketler Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiň 276-njy maddasynyň 3-nji bölegi

bilen, şeýle-de agzalan kontrabanda närselerini edinmekde, ýasamakda, saklamakda, daşamakda, ulanmakda we ibermekde bikanun hereketleriň anyklanylmagyna baglylykda degişliligi boýunça, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 318-323-nji, 326-329-njy, 336-njy, 338-nji, 340-njy maddalarynyň degişli bölekleri bilen jenaýatlaryň umumy jemi boýunça maddalaşdyrylmalydyr.

Türkmenistanyň gümrük serhedinden niliniň içi ýylmanak bolan aw tüpeňleriň we onuň ok-därileriniň geçirilmeginiň günäkäriň hereketlerini Türkmenistanyň JK-nyň 276-njy maddasynyň 3-nji bölegi boýunça maddalaşdyrylmagyna esas bolmaýandygyna kazyýetler üns bermelidirler. Ol hereketler agzalyp geçilen närseleriň bahasynyň möçberine baglylykda Türkmenistanyň JK-nyň 276-njy maddasynyň 1-nji bölegi bilen maddalaşdyrylyp bilner.

Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirmegiň ýörite düzgünlerinde bellenen strategik taýdan möhüm bolan çig mal harytlar we medeni gymmatlyklar gümrük serhedinden geçirilende, olaryň geçiriliş usulynyň ähmiýeti bardyr, ýagny olar gümrük gözegçiliginden rugsatsyz ýa-da gizlinlik bilen geçirilen bolsa, ýa bolmasa gümrükden geçirmek resminamalaryň ýa-da serişdeleriň aldaw ýoluny peýdalanmak arkaly ýa-da harytlary deklarasiýa etmezlik, olary nädogry deklarasiýa etmek bilen baglanyşyklylykda amala aşyrylan bolsa, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiň 276-njy maddasynyň 3-nji böleginde beýan edilen düzümi ýüze çykýar.

Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirmegiň ýörite düzgünleri bellenen strategik möhüm çig mal harytlarynyň, medeni gymmatlyklarynyň geçirilmegi diýlende, şol düşünjä girýän harytlaryň kadalaşdyryjy hukuknamalary bilen düzgünleşdirilen halatynda gümrük serhedinden geçirilmegine düşünmelidir.

Düzüminde tramadol gidrohlorid (tramadolyň beýleki önümleri) ýa-da başga psihoaktiw maddalar bolan derman serişdeleriniň sanawy we uly möçberi Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen bellenilýär.

Eger raýatyň ýarawsyzlygy sebäpli, oňa lukmanyň ýörite haty (resept) we goýlan kesel kesgidi esasynda, ýarawsyzyň özi, onuň ýakyn hossarlary ýa-da başga bir adam tarapyndan zerur mätäçligi üçin, syrkawyň ýaşaýyş ukyplylygyny saklamak maksady bilen daşary ýurtdan düzüminde güýçli täsir ediji jisimler saklanýan derman serişdelerini deklarasiýa edip, Türkmenistanyň gümrük serhetinden resmi ýagdaýda getiren ýagdaýynda, onuň jenaýat jogapkärçiligine degişli däldigine hem kazyýetler üns bermelidirler.

13. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 276-njy maddasynyň 4-nji böleginde görkezilen maddalaşdyryş alamatlarynyň şol maddanyň 2-nji böleginiň maddalaşdyryş alamatlary bilen birmeňzeşdiginden, şunda diňe kontrabanda närseleriniň başgadygyndan ugur alynmalydyr.

14. Kazyýetler tarapyndan kontrabanda baradaky işlere seredilende deslapky derňewiň ýa-da anyklaýyşyň dowamynda anyklanan kontrabanda närseleri çintgäp barlanylmalydyr we kemçilikler, nätakyklyklar ýüze çykarylan ýagdaýynda olar barada kanunalaýyk netijä gelinmelidir. Şunda hereket edýän kanunçylyga laýyklykda kontrabandanyň närseleri maddy subutnamalar hökmünde döwletiň haýryna muzdsuz alynmaga degişlidir. Şeýle hem kontrabanda närselerini gümrük serhedinden bikanun geçirmekde (daşalyş we beýleki serişdeler ýa-da bildirmezlik

üçin ýörite gizlin ýerler bilen enjamlaşdyrylan awtoulaglar we beýleki tehnikalar) ulanylan zatlar, enjamlar, jenaýatyň guraly diýlip hasap edilip bilner. Emma olaryň eýeleriniň jenaýata dahyllygy deslapky derňewiň ýa-da kazyýet mejlisiniň dowamynda subut edilmedik ýagdaýynda emläkler eýesine gaýtarylmaga degişlidir.

Eger kontrabandanyň närseleri günäkär tarapyndan ýerlenilse, kazyýet iş kesilenden olaryň bahasyny döwletiň haýryna tutup almak hakyndaky meseläni çözmelidir.

15. Kazyýetleriň jogapkärçiligi aýrybaşgalaşdyrmak ýörelgelerini gyşarnyksyz berjaý etmekleri zerurdyr we jezanyň görnüşi we möçberi bellenen wagtynda jenaýatyň häsiýeti we agyrlygy, şeýle jenaýat etmegiň maksatlary we äheňleri, getiren netijeleri, jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän we agyrlaşdyrýan ýagdaýlary, günäkäriň şahsyýeti, şeýle hem bellenilen jezanyň günäkäriň jezasyny çekeninden soňra, durmuşyň adaty şertlerine gaýtadan uýgunlaşmagyna we onuň maşgalasynyň durmuş şertlerine ýetirjek täsiri göz öňünde tutulmalydyr.

Kontrabanda wezipeli adam tarapyndan gulluk ýagdaýyny peýdalanmak bilen amala aşyrylanda kazyýet edilen jenaýatyň häsiýetini we günäkäriň şahsyýetini nazara alyp, Türkmenistanyň JK-nyň 45-nji maddasyna laýyklykda günäkäri belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek barada goşmaça jeza bellemek ýa-da bellemezlik meselesine seretmelidir.

16. Kazyýetler kontrabandanyň we onuň bilen baglanyşykly beýleki jenaýatlaryň edilmegine sebäp bolan ýagdaýlary we şertleri anyklamak we olary aradan aýyrmak boýunça çykarýan hususy kesgitnamalarynyň (kararlarynyň) täsirliligini güýçlendirmek arkaly anyk netijeleri gazanmalydyrlar.

Kontrabanda baradaky işler boýunça geçirilýän kazyýet mejlisleriniň jenaýatçylygyň öňüni alyş-terbiýeçilik täsiri bolup biljek ýagdaýlarynda şeýle işlere göçme mejlislerde seretmeklige kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

17. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri kontrabanda baradaky jenaýat işleriniň seredilişine kazyýet gözegçiligini güýçlendirmek arkaly goýberilýän ýalňyşlyklary öz wagtynda ýüze çykaryp, olaryň gaýtalanmazlygy üçin çäreler görmeli we aşaky basgançakly kazyýetlere zerur bolan kömegi bermeli.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy B.Çaryýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy Ş.Haýytow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 3

2015-nji ýylyň 25-nji iýuly Aşgabat şäheri

Türkmenistanyň ýaşaýyş jaý kanunçylygynyň kazyýetler tarapyndan ulanylyşynyň iş tejribesi hakynda

(16.07.2016 ý. № 4; 26.08.2017 ý. № 3; 17.02.2024 ý. № 3; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýaşaýyş jaý gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän kanunçylyk namalarynyň kämilleşmegi netijesinde Türkmenistanyň Ýaşaýyş jaý kodeksiniň kabul edilmegi bilen baglylykda, şeýle hem kazyýet edaralary tarapyndan ýaşaýyş jaý jedelleri bilen baglanyşykly işlere seredilende kanunçylygyň dogry ulanylmagyny üpjün etmek maksadyna eýerip, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy

K A R A R E D Ý Ä R :

1. Türkmenistanyň ýaşaýyş jaý kanunçylygynyň raýatlaryň abadanlaşdyrylan ýaşaýyş jaýyny edinmekde we ýaşaýyş jaýynyň eldegirilmesizligi hem-de kanunda kesgitlenen esaslar bolmasa, ýaşaýyş jaýyndan mahrum edilip bilinmezligi barada Türkmenistanyň Konstitusiýasynda berkidilen hukuklaryny amala aşyrmagy üçin şertleriň üpjün edilmegine gönükdirilendigine we döwlet ýaşaýyş jaý gaznasyny dolandyrmak bilen bagly jedellere seredilende kanunçylygyň berk berjaý edilmelidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

2. Döwlet ýaşaýyş jaý gaznasy ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň we Geňeşlikleriň ygtyýaryndaky döwlet ýerli ýaşaýyş jaý gaznasyndan hem-de döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň ygtyýaryndaky döwlet pudaklaýyn ýaşaýyş jaý gaznasyndan kireýine almak-bermek şertnamasy esasynda raýatlaryň eýeleýän ýaşaýyş jaýlaryndan ybaratdyr.

Oňa görä-de, hak isleýiş arzasyny kabul etmek meselesini çözende, kazy ilki bilen bildirilýän talabyň kazyýetiň çözmegine degişlidigini ýa-da däldigini barlamalydyr.

Şunda kazyýetlere şu aşakdaky jedelleriň, ýagny:

a) ýaşamak üçin ýaramsyz öýlere we otaglara rugsatsyz giren adamlary çykarmak hakyndaky;

b) adamlary işi ýa-da okuwy bilen baglanyşykly berlen umumy ýaşaýyş jaýyndan (Türkmenistanyň Ýaşaýyş jaý Kodeksiniň 106-njy maddasynyň 7-nji bölegi), şeýle hem şu görkezilen esaslardan başga esas boýunça umumy ýaşaýyş jaýyna giren adamlary çykarmak hakyndaky;

ç) ýaşaýyş jaýyny baş-başdaklyk edip eýelän, şeýle hem ýykylmak howpy astynda duran jaýlardan adamlary çykarmak hakyndaky (Türkmenistanyň Ýaşaýyş jaý kodeksiniň 108-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, prokuroryň karary esasynda çykarylmaga degişlilerden başgasy);

d) rugsatsyz gurlan, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edarasynyň karary boýunça sökülip aýrylmaga degişli edilen öýlerden çykarmak hakyndaky;

e) umumy ýaşaýyş kadalarynyň yzygiderli bozulanlygy bilen baglanyşyklykda çykarmak hakyndaky;

ä) wagtlaýyn ýaşaýjylary çykarmak hakyndaky;

f) ýaşaýyş jaýyny kireýne almak-bermek şertnamasyny üýtgetmek we ýaşaýyş jaýyny peýdalanmagyň tertibini kesgitlemek hakyndaky;

g) adamyny bellenen möhletden artyk bolmazlygy netijesinde ýaşaýyş jaýyndan peýdalanmak hukugyny ýitiren diýip ykrar etmek hakyndaky;

h) Türkmenistanyň Ýaşaýyş jaý kodeksiniň 109-njy maddasyna laýyklykda, başga abadanlaşdyrylan ýaşaýyş jaýyny bermek bilen ýaşaýyş jaýyndan çykarmak hakyndaky;

i) degişli jemgyýetçilik guramasynyň dolandyrmasynyň ýa-da edaranyň we kärdeşler arkalaşygy guramasynyň bilelikdäki karary boýunça berilýän, soňundan ýaşaýyş jaýyny bermek, göçürip getirmek hakynda ýerine ýetiriji häkimiýetiniň ýerli edaralaryna habar edilip, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary hem ýaşaýyş jaý orderini bermekden ýüz dönderen mahalynda, ýaşaýyş jaýyna order bermek hakyndaky;

j) ýaşaýyş jaýdan çykarmak we ýaşaýyş jaýyna girizmek hakyndaky;

ž) maşgala agzasy diýip we ýaşaýyş jaýdan peýdalanmak hukugyny ykrar etmek hakyndaky;

k) ýaşaýyş jaýyny mejbury alyş-çalyş etmek we ýaşaýyş jaýyny alyş-çalyşy hakyky däl diýip ykrar etmek hakyndaky;

l) ýaşaýyş jaý orderini hakyky däl diýip ykrar etmek bilen baglanyşykly jedelleriň we beýleki ýaşaýyş jaýyny kireýine almak-bermek şertnamasyndan gelip çykýan jedelleriň degişlidigi nazara alynmalydyr.

3. Ýaşaýyş jaý şertleriniň gowulandyrylmagyna mätäç adamlara ýaşaýyş jaýyny bermek, ozal eýelenip oturylan ýaşaýyş jaýynyň ýerine az meýdanly ýaşaýyş jaýyny bermek ýa-da ýaşaýyş jaý şertlerini gowulandyrmak hakyndaky, çözülmegi başga bir ygtyýarly edaralara degişli edilen talaplar kazyýetde çözülmäge degişli däldir.

4. Döwlet ýerli we döwlet pudaklaýyn ýaşaýyş jaý gaznasynyň öýlerindäki ýaşaýyş jaýyny kireýine almak-bermek şertnamasy ýaşaýyş jaýyny bölüp bermek baradaky karar esasynda baglaşylýar. Eger ýaşaýyş jaýyna göçülip gelinmegi kanunyň tersine gidilip, ýaşaýyş jaý orderi berilmezden geçirilen bolsa, onda ýaşaýyş jaýyny kireýine almak-bermek şertnamasy kazyýet tarapyndan hakyky däl diýip hasap edilip bilner.

5. Ýaşaýyş jaý orderiniň ýaşaýyş jaýyny peýdalanmak hukugy ozaldan başga adama degişli bolan öýe berlendigi üçin, onuň hakyky däl diýip ykrar edilmegi we ýaşaýyş jaýyny kireýine almak-bermek şertnamasynyň ýatyrylmagy, şeýle ýaşaýyş jaý orderiniň esasynda jaýa giren adamy möçberleri we enjamlaşdyrylyşy boýunça öňki ýaşaýyş jaý orderiniň esasynda berlen jaýa laýyk jaý bermek bilen çykarylmagyna getirýär.

Ýaşaýyş jaý orderini hakyky däl diýip ykrar etmek hakyndaky (Türkmenistanyň Ýaşaýyş jaý kodeksiniň 73-nji maddasynda görkezilen esaslar boýunça) hak isleýiş arzasyna seredilende, kazyýet ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edarasyny döwlet ýaşaýyş jaý gaznasyny dolandyrmak boýunça ygtyýarly döwlet edarasy bilen bilelikde jogap beriji hökmünde işe gatnaşmaga çekmäge borçludyr.

6. Başga adamlary (ärinden (aýalyndan), çagalaryndan, ata-enesinden başgalary) kireýine alyjynyň maşgala agzasy diýip ykrar etmek hakyndaky meseläni çözende, kazyýet Türkmenistanyň Ýaşaýyş jaý kodeksiniň 34-nji maddasyna laýyklykda, olaryň kireýine alyjy, onuň maşgala agzalary bilen gatnaşyklaryny, esasan hem azyndan bäş ýyl bile umumy hojalyk ýöredendiklerini ýa-da ýöretmändiklerini, çykdajylarynyň umumylygyny, biri-birine kömek edendiklerini-etmändiklerini, maşgala gatnaşyklarynyň bolandygyna şaýatlyk edýän başga ýagdaýlaryň bardygyny-ýokdugyny aýdyňlaşdyrmaga borçludyrlar.

Eger-de, başga adamlar barada ýokarda görkezilen ýagdaýlar Türkmenistanyň Ýaşaýyş jaý kodeksi güýje girmezinden öň bolan bolsa we bu barada jedel agzalan Kodeks güýje girenden soň ýüze çykan bolsa, onda kazyýet başga adamlary kireýine alyjynyň maşgala agzasy diýip ykrar etmek hakyndaky meseläni çözende, mundan öň hereket eden Türkmenistanyň Ýaşaýyş jaý kodeksiniň (1983-nji ýylyň 28-nji iýunyndaky neşiri) 57-nji maddasynyň kadalaryna esaslanmak bilen, olaryň kireýine alyjy we onuň maşgala agzalary bilen azyndan bäş ýyl bile umumy hojalyk ýöredendiklerine ýa-da ýöretmändiklerine garamazdan, her bir ýagdaýa aýratyn baha berip, iş boýunça toplanylan subutnamalary nazara alyp, belli bir netijä gelmelidir.

Türkmenistanyň ÝJK-nyň 34-nji we 76-njy maddalarynda görkezilen adamlaryň, haçan-da olaryň jaýa girizilmegine maşgala agzalarynyň ählisiniň razyçylygy bar bolanda, eger maşgalanyň kämillik ýaşyna ýetmedik agzalarynyň bähbitlerine şol ýaşaýyş jaýynda ýaşamaýan ata-eneleri, hossarlary (howandarlary) wekilçilik edýän bolsalar, onda olaryň hem razyçylygy bar bolanda, kireýne alyjy we onuň maşgala agzalary bilen deň hatarda ýaşaýyş jaýa bolan hukuga eýe bolýarlar.

Düzgün bolşuna görä, jaýa girizilmeginiň bellenilen tertibi diýip, jaýa ýazylma (propiska) hakyndaky düzgünleriň berjaý edilip, ýaşaýyş jaýyna girilmegine düşünilýär. Ýöne kazyýet, haçan-da jaýa girip, ýaşap ýören adamy jaýa ýazga goýmakdan esassyz ýüz dönderilende, onuň ýaşaýyş jaýyndan peýdalanmak hukugyny ykrar edip biler.

7. Türkmenistanyň ÝJK-nyň 78-nji maddasyna laýyklykda, jaýy kireýine alyjynyň ýa-da onuň maşgala agzalarynyň ýaşaýyş jaýynda wagtlaýyn bolmadyk halatynda ýaşaýyş jaýy alty aýyň dowamynda olarda saklanyp galýar. Wagtlaýyn bolunmadyk wagt kireýine alyjynyň ýa-da onuň maşgala agzalarynyň hakyky giden

pursadyndan hasaplanylýar, eger kanun tarapyndan has uzak möhlet göz öňünde tutulmadyk bolsa şeýle edilýär.

Esassyz sebäplere görä alty aýdan köp wagtlap öz jaýynda bolmadyk kireýine alyjynyň ýa-da onuň maşgala agzalarynyň özlerine ýaşaýyş jaýyndan peýdalanmak hukuklaryny ýitiren diýip ykrar etmek hakyndaky hak islegi bildirilmänkä dolanyp gelmekleri hak islegini kanagatlandyrmakdan ýüz döndermek üçin jedelsiz esas bolup bilmeýär we bu ýagdaýa iş boýunça toplanylan beýleki subutnamalaryň hemmesini nazara alyp, jemläp baha berilmelidir.

Adamyň başga ýere gidip, bellenen möhletlerden artyk bolmazlygynyň netijesinde adamy ýaşaýyş jaýyndan peýdalanmak hukugyny ýitiren diýip ykrar etmek işi, bu barada jedel ýüze çykanda, kireýine berijiniň ýa-da bu jaýda ýaşamaga galan kireýine alyjynyň ýa-da onuň maşgala agzalarynyň (öňki agzalarynyň) hak islegi boýunça kazyýet tertibinde amala aşyrylýar. Kireýine alyjynyň ýa-da maşgala agzasynyň bellenen möhletlerden köp wagtlap öz jaýynda bolmanlygynyň esaslydygyny anyklanda, kazyýet hak islegini kanagatlandyrmakdan ýüz dönderýär.

Raýat öz işiniň şertleri we häsiýeti boýunça, şeýle hem okuw bilen baglanyşykly başga ýere gidende (Türkmenistanyň ÝJK-nyň 78-nji maddasynyň 4-nji bölegi), hat-da ol hemişelik ýaşaýan ýerinden ýazgydan çykmaly bolan halatynda-da, ýöne şonda täze ýazga duran ýeri boýunça hemişelik peýdalanmak üçin ýaşaýyş jaýy bilen üpjün edilmedik bolsa, onda onuň ýaşaýyş jaýyndan peýdalanmak hukugy şol işiň ýerine ýetirilmeli wagtynyň ýa-da okuwyň bütin dowamynda özünde saklanyp galdyrylýar. Şunda şol bir administratiw çäkde işlenýän ýa-da okalýan ýagdaýlarda, başga salgylarda (hat-da işleýän ýa-da okaýan edaralaryna degişli ýaşaýyş, umumy ýaşaýyş jaýlarynda) ýaşaýandygyna garamazdan, başga ýere giden diýip hasap edilip bilinmez.

Çagalar edaralaryndan, dogan-garyndaşlaryndan ýa-da hossarlaryndan, howandarlaryndan gaýdyp gelen çagalaryň öňki ýaşan jaýlaryna başga adamlar ýaşamaga göçürilip getirilen bolsa ýa-da başga sebäplere görä bu jaýa ýaşamaga adam göçürip getirmek mümkin bolmasa, onda olaryň ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary tarapyndan jaý bilen nobatsyz üpjün edilmelidigini kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar. Ýaşaýyş jaý bermekden ýüz dönderilen halatynda, kazyýete degişli talap bilen ýüz tutulyp bilner.

Türkmenistanyň ÝJK-nyň 78-nji maddasynyň 4-nji böleginiň 10-njy bendine laýyklykda, adamynyň tussag astyna alnanda ýa-da azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki jeza ýa-da bu ýerde ýaşamak mümkinçiligini aradan aýyrýan jezanyň başga görnüşine iş kesilende – tussag astynda bolmagyň ýa-da jezany çekmegiň wagtynyň dowamynda ony ýaşaýyş jaýyndan peýdalanmak baradaky hukugyny ýitiren diýip ykrar etmäge esas bolup bilmeýär.

8. Kireýine alyjynyň we onuň maşgala agzalarynyň hemişelik ýaşamak üçin başga ýere göçüp gidendikleri sebäpli, ýaşaýyş jaýyny kireýine almak-bermek şertnamasyny bozmak (ýykylmak howpy abanýan ýaşaýyş jaýlardan çykarylýan halatlary muňa girmeýär) hakyndaky jedelleri çözende, kazyýet kireýine alyjynyň başga bir ilatly ýere ýa-da ilatly ýeriň başga bir ýaşaýyş jaýyna göçüp barandygyna şaýatlyk edýän subutnamalary talap edip almaga borçludyr. Ýaşaýyş jaýyndan ýazgydan çykylandygy, işden boşandygy we täze ýaşaýan ýeri boýunça işe

ýerleşendigi, täze iş ýeri boýunça ýaşaýyş jaýy bilen üpjün edilendigi hakyndaky resminamalar subutnama bolup biler. Türkmenistanyň ÝJK-nyň 107-nji maddasyna laýyklykda, şeýle halatlarda ýaşaýyş jaýyny kireýine almak-bermek şertnamasy kireýine alyjynyň we onuň maşgala agzalarynyň giden gününden bozulan diýip hasap edilýär.

9. Kireýine alyjynyň ýa-da onuň maşgala agzasynyň razylygy bilen ýaşaýyş jaýyny kireýine almak-bermek hakyndaky şertnamany üýtgetmek hakyndaky jedeli çözende, kazyýetler ýaşaýyş jaýyny kireýine almak-bermek şertnamasynyň şeýle üýtgedilmeginiň diňe Türkmenistanyň ÝJK-nyň 92-nji we 74-nji maddalarynda göz öňünde tutulan şertleriň bar mahalynda mümkindigini nazara almalydyrlar.

Kazyýet eger sanitariýa we tehniki talaplary nazara alyp, kireýine almak-bermek şertnamasynyň birnäçesini baglaşmagyň mümkin däldigi barada netijä gelse, onda şol bir öýdäki ýaşaýyş jaýlary kireýine almak-bermek hakyndaky şertnamany üýtgetmekden ýüz dönderip biler.

Haçan-da, taraplaryň birine ýaşaýyş jaý meýdanyndan oňa düşýän paýa laýyklykda, sanitariýa we tehniki talaplary nazara alyp, ýaşaýyş jaý meýdanynyň Türkmenistanyň ÝJK-nyň 70-nji maddasynda bellenen möçberinden az ölçeglerdäki aýratyn otaglary bölüp bermek mümkin bolan mahalynda, kazyýet hak islegini diňe şol ölçegleriň azdygyna salgylanyp, kanagatlandyrmakdan ýüz döndermäge haksyzdyr, sebäbi meýdany 12 inedördül metrden az bolan ýaşaýyş jaýy kireýine almak–bermek şertnamasyny baglaşmak mümkinçiligini kanun aradan aýyrmaýar.

10. Türkmenistanyň ÝJK-nyň 93-nji maddasyna laýyklykda, kireýine alyjynyň maşgala agzalarynyň arasynda maşgala gatnaşygyny bes eden, ýöne ýaşaýyş jaýynyň ýeke-täk kireýine almak-bermek şertnamasy boýunça bir ýaşaýyş jaýynda ýaşamagyny dowam etdirýän adam aýratyn kireýine almak-bermek şertnamasyny baglaşmazdan ýaşaýyş jaýyndan peýdalanmagyň tertibini kesgitlemäge haklydygyny kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

11. Ýaşaýyş öýleriniň we beýleki gurluşyklardaky ýaşaýyş jaýlarynyň döwlet kabul ediş topary tarapyndan ulanyşa kabul edilenden, bellige alnandan we tehniki tükelleýiş geçirilenden soň, ýaşaýyş jaý gaznasynyň düzümine goşulýandygyny kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

12. Kazyýetler ýaşaýyş jaýlaryny alyş-çalyş etmek hakyndaky jedelleri çözenlerinde, alyş-çalyş etmek üçin nähili ýaşaýyş jaýlarynyň hödürlenýändiklerini we Türkmenistanyň ÝJK-de göz öňünde tutulan, jaýlary alyş-çalyş etmäge ýol bermeýän şertleriň bardygyny-ýokdugyny barlaýar.

Türkmenistanyň ÝJK-nyň 95-nji maddasy ýaşaýyş jaýlarynyň alyş-çalyş edilmegine ýol bermeýän şertleri belleýär. Şu şertleriň biriniň bozulmagy hem alyş-çalyşy hakyky däl diýip ykrar edilmegine getirýär.

Kazyýetlere aşakdakylary düşündirmeli:

a) eger jaýlary alyş-çalyş edilende taraplaryň hatda biri hem ýaşaýyş jaýyny berýänligi üçin peşgeş alsa, onda ol betnebislikli alyş-çalyş diýip hasap edilýär;

b) alyş-çalyş netijesinde alnan jaýy hakykat ýüzünde peýdalanmakçy bolunman, alyş-çalyş etmek bahanasy bilen jaýy başga birine bermeklik galp alyş-çalyş diýip ykrar edilýär.

Eger alyş-çalyş barada ylalyşyga gelip bilmedik maşgala agzalarynyň arasynda jedel ýüze çyksa, onda kazyýet ýaşaýyş jaýynda ýaşaýan adamlaryň üns berilmäge mynasyp delillerini we bähbitlerini nazara almaga borçludyr.

Maşgala agzalarynyň şeýle işler boýunça kazyýet tarapyndan nazara alynmaly we üns berilmäge degişli delilleri we bähbitleri diýip, olaryň ýaşy, saglyk ýagdaýy we ş.m. sebäpli, alyş-çalyş netijesinde berlen ýaşaýyş jaýyny peýdalanmaga päsgel berýän ýagdaýlaryň bolmagyna düşünilmelidir.

13. Ýaşaýyş jaýlary kireýine almak-bermek hakyndaky şertnamany üýtgetmek ýa-da alyş-çalyş hakyndaky talaplara seredende, kazyýetler kireýine alyjynyň we onuň bilen bile ýaşaýan maşgala agzalarynyň ýaşaýyş jaýyny peýdalanmaga bolan hukuklarynyň deňdiginden ugur almalydyrlar. Eger bir wagtda ýa-da dürli wagtlarda göçüp gelen kireýine alyjynyň we maşgala agzalarynyň arasynda ýaşaýyş jaýyndan peýdalanmagyň başga tertibini belleýän ylalaşyk bolan bolsa, onda kazyýet bu ýagdaýy nazara alyp biler.

Eger goşmaça ýaşaýyş jaý meýdany aýratyn otag görnüşinde maşgala agzalarynyň birine berlen bolsa we maşgalanyň beýleki agzalary şol otagdan peýdalanmadyk bolsa, onda şol otag ýaşaýyş jaýynyň peýdalanmaga degişli bolan umumy ýaşaýyş jaý meýdanynyň hasabyna goşulmaly däldir.

14. Ýaşaýyş jaýyny kireýine alyjynyň maşgala agzalarynyň arasyndaky, şonuň ýaly-da kireýine alyjy bilen kireýine berijiniň arasyndaky dörän ýaşaýyş jaýynyň enjamlaşdyrylyşyny we ýerleşiş ýagdaýyny üýtgetmek hakyndaky jedeller, eger muňa ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň we Geňeşiň rugsady bar bolsa, kazyýetiň seretmegine degişlidir.

Şeýle hak islegine seredende, kazyýet şol bir wagtyň özünde ýaşaýyş jaýyny kireýine almak-bermek hakyndaky şertnamany üýtgetmek baradaky talaby hem çözmäge haklydyr.

15. Raýatlara kazyýet tertibinde ýaşaýyş jaýyndan çykarmaklyga diňe başga ýaşaýyş jaýyny bermek şerti bilen ýol berilýän halatlarynda (Türkmenistanyň ÝJK-nyň 109-njy we 113-nji maddalary), kazyýet berilýän ýaşaýyş jaýynyň abadanlaşdyrylyş derejesiniň ilatly ýeriň şertlerine laýyk gelýändigini-gelmeýändigini barlamaga borçludyr, şunda diňe döwlet ýerli we döwlet pudaklaýyn ýaşaýyş jaý gaznasynyň öýleriniň abadanlaşdyrylyş ýagdaýlary nazara alynmalydyr. Berilýän ýaşaýyş jaýy şol ilatly ýeriň çäginde ýerleşen, düýpli gurlan jaýda bolmalydyr.

Eger kireýine alyjy aýratyn öýi ýa-da birden köp otagly jaýy eýeleýän bolsa, oňa aýratyn öý ýa-da birden köp otagly jaý hem berilmelidir. Berilýän ýaşaýyş jaýynyň ölçegi kireýine alyjynyň öňki eýelän ýaşaýyş jaýynyň, eger onuň goşmaça ýaşaýyş jaý meýdanyna hukugy bar bolsa we hakykat ýüzünde ondan peýdalanan bolsa, onda şony hem hasaba alanyňdakydan az bolmaly däldir, ýöne şunda Türkmenistanyň ÝJK-nyň 70-nji we 71-nji maddalarynda göz öňünde tutulan ýaşaýyş jaý meýdanynyň we goşmaça ýaşaýyş jaý meýdanynyň möçberleri nazara alynmalydyr.

Şol ilatly ýer üçin bellenen möçberden az meýdanly ýaşaýyş jaýyndan çykarylýan adama başga ýaşaýyş jaýy şol möçbere laýyklykda berilýär. Berilýän ýaşaýyş jaýynyň otaglarynyň sany baradaky mesele çözülende, Türkmenistanyň

ÝJK-nyň 71-nji maddasynyň 2-nji böleginiň talaplaryna görä, bir otaga är-aýaldan başga dürli jynsdaky adamlary ýaşamaga ýerleşdirilmegine ýol berilmeýändigi göz öňünde tutulmalydyr. Şeýle hem çykarylýan adamlaryň saglyk ýagdaýlary we berilýän ýaşaýyş jaýyndan peýdalanmagy kynlaşdyrýan beýleki üns berilmäge degişli ýagdaýlar hem nazara alynmalydyr.

16. Işçileriň we gullukçylaryň Türkmenistanyň ÝJK-nyň 114-nji maddasynda göz öňünde tutulan tertipde başga ýaşaýyş jaýyny bermek bilen çykarylmagyna şol jaýlar şu maddada görkezilen kärhanalara, edaralara, guramalara degişli bolsa ýa-da olaryň kärendesine alan jaýlary bolsa we zähmet gatnaşyklary şu maddada göz öňünde tutulan esaslar boýunça ýatyrylan bolsa ýol berilýär. Berilýän ýaşaýyş jaýy şol ilatly ýerde ýerleşen we ýaşaýyş jaýlaryna bildirilýän sanitariýa hem-de tehniki talaplara laýyk gelýän bolmalydyr. Şol jaý onuň öňki eýelän jaýyndan kiçi, abadanlaşdyrylyşy boýunça ýaramazrak bolup biler, ýöne onuň şol jaýa göçüp baran adamy ýaşaýyş jaý şertleriniň gowulandyrylmagyna mätäç adam diýip hasap etmek mümkinçiligini aradan aýyrýan şertleri bolmalydyr.

Çykarylmagyň Türkmenistanyň ÝJK-nyň 114-nji maddasynda bellenen şertleri we tertibi işçileriň özleriniň zähmeti bilen gurlan pudaklaýyn ýaşaýyş jaýlaryna hem degişlidir, sebäbi şu jaýlary gurmagyň usuly olaryň hukuk ýagdaýyny üýtgetmeýär.

17. Kireýine alyja ýaşaýyş jaýy berlende, onuň maşgala agzalary, eger ýaşaýyş jaý orderine girizilen bolsa we täze berlen ýaşaýyş jaýynda ýaşamaga ýazmaça razylyk beren bolsalar ýa-da işiň ýagdaýlary olaryň şol ýaşaýyş jaýyna göçüp barmaga razyçylyk bildirendiklerine jedelsiz şaýatlyk edýän bolsa, şol jaýa göçüp barýarlar.

Şu görkezilen ýagdaýlar ýaşaýyş jaýlarynyň alyş-çalyş edilmegine maşgala agzalarynyň hemmesiniň razyçylygynyň bolmanlygy sebäpli, hakyky däl diýip hasap etmek hakyndaky hak islegine seredilende hem ünse alnyp bilner.

18. Zähmet gatnaşyklaryny bes eden işçileri we gullukçylary, şeýle hem daýhan birleşiginiň agzalygyndan çykarylan we daýhan birleşiginden öz islegi boýunça çykan ýa-da daýhan birleşigi bilen zähmet gatnaşyklaryny bes eden adamlary başga ýaşaýyş jaýyny bermezden, gulluk ýaşaýyş jaýyndan çykarmak hakyndaky hak isleglerine seredilende, şol jaýyň bellenen tertipde gulluk ýaşaýyş jaýlarynyň hataryna girizilendigini, jogap berijiniň zähmet gatnaşyklarynyň häsiýetine baglylykda gulluk ýaşaýyş jaýy berilmeli adamlaryň toparyna degişlidigini kazyýetleriň barlamagy zerurdyr. Şunda Türkmenistanyň ÝJK-nyň 103-nji maddasynda görkezilen adamlaryň diňe şol ilatly ýerde ýerleşen, ýaşaýyş jaýlaryna bildirilýän sanitariýa we tehniki talaplara laýyk gelýän başga ýaşaýyş jaýyny bermek bilen çykarylyp bilinýändigi nazara alynmalydyr.

Türkmenistanyň ÝJK-nyň 103-nji maddasyna laýyklykda, özi bilen bile ýaşaýan bir ýa-da şondan köp kämillik ýaşyna ýetmedik çagany bir özi terbiýeleýän ata (ene) başga ýaşaýyş jaýy berilmezden gulluk ýaşaýyş jaýyndan çykarylmaga degişli däldir. Şeýle adamlaryň hataryna soňundan täze maşgala gurmadyk atadan (eneden) başga-da, nikasy bozulyp, beýleki ýanýoldaşy çykyp gidenden soň, şol jaýda ýaşamaga galan ýanýoldaş, dul galan ýanýoldaş, perzentlige alyjy, hossar (howandar) hem degişli edilip bilner.

Gulluk ýaşaýyş jaýlaryndan çykarmak baradaky işlere seredilende, jogap berijileriň hereketleriniň, mysal üçin, nika bozjak bolmaklygyň mundan beýläk hem ýaşaýyş jaýynyň özlerinde saklanyp galdyrylmagyny gazanmaklyga gönükdirilen bolmagynyň mümkindigi göz öňünde tutulmalydyr. Kazyýetler nika bozmaklygyň il gözünedigini, gulluk ýaşaýyş jaýy berlen şahsyň nika bozulanyndan soň hem ondan peýdalanmagyny dowam etdirýändigini anyklap, meseläni şoňa baglylykda hem çözmelidir.

19. Wepat bolan Beýik Watançylyk urşuna gatnaşyjylaryň, beýleki döwletleriň çäklerindäki söweş hereketlerinde maýyplygy alan adamlaryň we oňa gatnaşyjylaryň, öz gulluk ýa-da raýatlyk borçlaryny ýerine ýetirende wepat bolan işgäriň ýa-da beýleki adamyň, harby gulluk boýunça borçlaryny ýerine ýetirende wepat bolan (aradan çykan) ýa-da nam-nyşansyz ýiten harby gullukçynyň maşgalasyny çykarmak meselesi çözülýän bolsa, hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, şeýle maşgalanyň agzasy diýip wepat bolanyň ýa-da nam-nyşansyz gideniň ekläp-saklamagynda bolan we şonuň bilen baglylykda hemaýat puly tölenilýän adamlar, şeýle hem hemaýat puly alýandyklaryna-almaýandyklaryna garamazdan, wepat bolanyň ýa-da nam-nyşansyz gideniň ata-enesi, soňra nikalaşmadyk ýanýoldaşy, öz maşgalasy bolmadyk ýa-da maşgalasy bolsa-da, kämillik ýaşyna ýetmänkä maýyp bolan çagalary, şonuň ýaly-da öz maşgalasy bar bolan, ýöne ata-enesiniň ikisi hem wepat bolan ýa-da nam-nyşansyz giden çagalar hasap edilmelidir.

20. Ýaşaýyş jaýyny şol jaý gulluk ýaşaýyş jaýlarynyň hataryna degişli edilmänkä eýelän adamlar zähmet gatnaşyklaryny ýatyrandygy üçin diýen esas boýunça gulluk ýaşaýyş jaýyndan çykarmaklyga degişli däldir.

21. Türkmenistanyň ÝJK-nyň 103-nji maddasyna laýyklykda, gulluk ýaşaýyş jaýlarynda we umumy ýaşaýyş jaýlarynda ýaşaýan adamlar öz islegleri boýunça işden boşan halatynda, eýeleýän ýaşaýyş jaýlaryndan olara şol ýaşaýyş jaýyny beren kärhana, edara, gurama işe gaýdyp gelmekden ýüz dönderenlerinde çykarylmaga degişlidir.

Eger kazyýet mejlisinde işden boşamanka gulluk ýaşaýyş jaýynda ýaşan jogap beriji işe gaýdyp gelmäge isleg bildirse, onuň bu islegi diňe oňa öňki işini ýa-da gulluk ýaşaýyş jaýynda ýaşamak bilen baglanyşykly bolan başga bir işi bermek mümkin bolsa, nazara alnyp bilner.

Eger işden boşan kireýine alyjynyň maşgala agzalarynyň birinden-biri kireýine beriji bilen zähmet gatnaşyklarynda durýan bolsa, onda Türkmenistanyň ÝJK-nyň 103-nji maddasyna laýyklykda, gulluk ýaşaýyş jaýlaryndan çykarmaklyk geçirilmeýär. Eger kireýine alyjynyň maşgala agzalarynyň birinden-biri kireýine beriji bilen häsiýeti boýunça gulluk ýaşaýyş jaýy berlip bilinýän zähmet gatnaşygynda durýan bolsa, onda ol gulluk ýaşaýyş jaýyndan hem çykarylyp bilinmez.

22. Türkmenistanyň ÝJK-nyň 103-nji we 114-nji maddalarynda göz öňünde tutulan esaslar boýunça çykarmagy aradan aýyrýan şertler zähmet gatnaşyklary ýatyrylmanka ýüze çykan bolsa ýa-da ýatyrylandan soň, ýöne çykarmak hakyndaky iş kazyýet tarapyndan çözülmänkä ýüze çykan bolsa ünse alynýar.

23. Kazyýetler sanitariýa we tehniki talaplara laýyk gelýän (Türkmenistanyň ÝJK-nyň 103-nji, 114-nji maddalary) başga ýaşaýyş jaýyny bermek bilen çykarmak hakyndaky hak isleglerine seredenlerinde, berilýän ýaşaýyş jaýyna jogap berijini göçürip getirmekligiň mümkindigini tassyklaýan subutnamalary talap etmäge borçludyrlar. Zerur bolan halatynda, kazyýet degişli edaralary (meselem, arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralary) ýaşaýyş jaýyny barlamaga we onuň ýaşamak üçin ýaramlydygy ýa-da däldigi barada netijenama getirip bermäge borçly edip biler. Şeýle netijenama beýleki subutnamalar bilen birlikde baha berilýär.

24. Ýaşaýyş jaýyny düýpli abatlamak bilen baglanyşykly ýüze çykýan jedeller çözülende, şeýle abatlaýyş netijesinde kireýine alyjynyň ýaşaýyş jaýy ozalky durşuna saklanyp bilinmejek ýa-da ep-esli giňeldiljek bolsa, kireýine alyja we onuň maşgala agzalaryna düýpli abatlaýyş işleri başlamazdan ozal abadanlaşdyrylan başga ýaşaýyş jaýynyň berilmelidigi nazara alynmalydyr (Türkmenistanyň ÝJK-nyň 112-nji maddasy).

Eger berlen ýaşaýyş jaýynyň ölçegleri ýaşaýyş jaý we goşmaça ýaşaýyş jaý (eger şoňa hukugy bar bolsa) meýdany barasynda ýaşaýyş jaý kanunçylygy tarapyndan kesgitlenen möçberden geçýän bolsa, ol ep-esli giňelen diýip hasap edilýär.

Ýaşaýyş jaýynyň ep-esli daralýan wagtynda, kireýine alyja düýpli abatlaýyş işleri başlamazdan öň hemişelik peýdalanmak üçin abadanlaşdyrylan başga ýaşaýyş jaýy berilmelidir.

Düýpli abatlaýyş işleri geçirilýän mahalynda berilýän ýaşaýyş jaýy sanitariýa we tehniki talaplara laýyk gelmelidir.

25. Ýaşaýyş jaýyny berbatlamak, zaýalamak netijesinde ýetirilen zyýanyň öwezini doldurmak hakyndaky hak isleglerini çözenlerinde, kazyýetler Türkmenistanyň ÝJK-nyň 118-nji maddasyna laýyklykda, ýaşaýjylar ýaşaýyş jaýlarynyň saklanylmagyny üpjün etmäge, arassaçylyk we beýleki enjamlara, abadanlaşdyryş desgalaryna aýawly çemeleşmäge, ýaşaýyş jaýyny we oňa ýanaşyk ýer böleklerini saklamagyň, ýangyn howpsuzlygynyň kadalaryny berjaý etmäge, girelgelerde, liftlerde, basgançak meýdançalarynda we umumy peýdalanylýan beýleki ýerlerde arassaçylygy we tertibi berjaý etmäge, abat saklanmagyny üpjün etmäge, jaýyň sanitariýa-tehniki we beýleki enjamlaryna, abadanlaşdyryş desgalaryna (obýektlerine) aýawly garamaga raýatlaryň borçludyklary hakyndaky düzgünlerden ugur almaga we tölegi doly möçberde tutup almaga borçludyrlar.

Ýaşaýyş jaýy yzygiderli berbatlanýan, zaýalanýan halatynda, munuň üçin günäkär bolan kireýine alyjy, onuň maşgala agzalary, onuň bilen bile ýaşaýan beýleki adamlar, eger olar barada görlen duýduryş we jemgyýetçilik täsir ediş çäreleri netije bermedik bolsa, Türkmenistanyň ÝJK-nyň 115-nji maddasyna laýyklykda, başga ýaşaýyş jaýy berilmezden çykarylyp bilnerler.

26. Umumy ýaşaýyş jaýyndan çykarmak baradaky jedeller çözülende, jogap berijiniň eýeläp oturan jaýynyň umumy ýaşaýyş jaýydygy ýa-da däldigi barlanylmalydyr. Munuň üçin aşakdaky ýagdaýlar, ýagny: şol ýaşaýyş jaýynyň ýerleşýän öýüniň hak isleýjiniň garamagyndadygy-däldigi; onuň umumy ýaşaýyş jaýy hökmünde gurlandygy ýa-da şu maksat üçin täzeden ýörite

abzallaşdyrylandygy; şol jaýa umumy ýaşaýyş jaýy hökmünde ýaşamak üçin adamlary göçürip getirmäge arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralarynyň rugsadynyň bardygy ýa-da ýokdugy; umumy ýaşaýyş jaýynda ýaşaýyş jaý meýdanyny eýelemäge administrasiýanyň we kärdeşler arkalyşygynyň bilelikdäki karary esasynda orderiň berlendigi; şol jaýdan peýdalanylanlygy üçin töleg töledilýändigi-töledilmeýändigi we ş.m. ýagdaýlar aýdyňlaşdyrylmalydyr.

Alnan subutnamalar kazyýet mejlisinde barlanmalydyr we olara hemmesiniň birliginde baha berilmelidir. Kazyýet diňe şondan soň, jedeli edilýän jaýa umumy ýaşaýyş jaýlarynyň hukuk düzgünleriniň degişlidigi ýa-da degişli däldigi baradaky meseläni çözmäge haklydyr.

27. Türkmenistanyň ÝJK-nyň 103-nji, 114-nji maddalarynda göz öňünde tutulan esaslar boýunça çykarmakda, hak isleýiş wagtynyň möhletiniň geçip başlamagy zähmet gatnaşyklarynyň ýatyrylan gününden hasaplanyp başlanmalydyr.

Wagtlaýyn ýaşaýjylar hökmünde göçüp gelen ýa-da esasy kireýine alyjydan kireýine alan adamlary ýaşaýyş jaýyndan çykarmak hakyndaky talaplara hak isleýiş wagt möhleti ulanylmaýar, sebäbi näçe wagtlap ýaşandyklaryna garamazdan, olar ýaşaýyş jaýa bolan hukuga eýe bolmaýarlar.

28. Ýaşaýyş jaý baradaky işleriň dogry we öz wagtynda çözülmegini üpjün etmek maksady bilen, kazyýetler şol işleri kazyýet seljerişine degişli suratda taýýarlamalydyrlar, her bir işiň hakyky boluş ýagdaýlaryny, taraplaryň hukuklaryny we borçlaryny hemmetaraplaýyn, doly we hakyky aýdyňlaşdyrmak üçin çäreleri görmelidirler.

Eger kazyýet çözgüdi ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň we onuň edaralarynyň, döwlet ýerli we pudaklaýyn edaralaryň, kärhanalaryň, guramalaryň we daýhan birleşikleriň bähbitlerine täsir edip biljek bolsa, onda kazyýet olary işe gatnaşmaga çekmäge borçludyr.

Çykarmak, ýaşaýyş jaýyny kireýine almak-bermek şertnamany üýtgetmek, alyş-çalyş etmek we ýaşaýyş jaý meýdanyndan peýdalanmak hukugyny ýitirendigini ykrar etmek hakyndaky işler boýunça kazyýetler kireýine alyjy bilen bile ýaşaýan kämillik ýaşyna ýeten adamlaryň ählisini, kanunda göz öňünde tutulan halatynda bolsa – kämillik ýaşyna ýetmedikleriň wekillerini hem işe gatnaşmaga çekmelidirler.

Ýaşaýyş jaýy baradaky işlere seredenlerinde, kazyýetler taraplaryň özara ylalaşmaklaryna ähli çäreler arkaly ýardam etmelidirler, işiň şeýle netije bilen gutarmagy üçin mümkinçiligiň bardygyny-ýokdugyny işiň kazyýet seljerişine taýýarlanylýan döwründen başlap aýdyňlaşdyrmalydyrlar.

29. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň raýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri Türkmenistanyň ýaşaýyş jaý kanunçylygyny kazyýetleriň ulanyş tejribesini yzygiderli umumylaşdyrmalydyrlar, ýaşaýyş jaýlary baradaky işlere seretmekde aşakda duryan kazyýetlere iş ýüzünde kömek bermelidirler we kazyýetler tarapyndan ýaşaýyş jaý kanunçylygynyň ulanylyşy boýunça kazyýet işine gözegçiligi güýçlendirmelidirler.

30. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumynyň 1999-njy ýylyň 22-nji iýulyndaky “Türkmenistanyň ýaşaýyş jaý kanunçylygynyň kazyýetler tarapyndan ulanylyşynyň iş ýörelgesi hakynda” 7 belgili kararyny güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy B.Çaryýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy Ş.Haýytow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 1

2016-njy ýylyň 16-njy iýuly Aşgabat şäheri

Lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmagyň kazyýet iş tejribesi hakynda

(08.12.2018 ý. № 7; 24.07.2021 ý. № 7; 18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen)

Lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmagyň esasy we tertibi baradaky kanunçylygyň birmeňzeş, dogry ulanylmagyny üpjün etmek we ýüze çykan meseleler boýunça kazyýetlere ugrukdyryjy düşündirişleri bermek maksady bilen, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy,

K A R A R E D Ý Ä R:

1. Lukmançylyk häsiýetli mejbury çäräniň jeza çäresi bolman, jenaýat-hukuk häsiýetli çäredigine, onuň diňe jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan etmişi akyly düzüw däl ýagdaýda amala aşyran adama, şeýle-de jenaýaty amala aşyrandan soň jezany bellemäge ýa-da ýerine ýetirmäge mümkinçilik bermeýän psihiki taýdan bozulma bilen kesellän adama, şol adamy bejermek ýa-da onuň psihiki ýagdaýynyň özi ýa-da beýleki adamlar üçin howplulygyny ýa-da başga bir düýpli zyýan ýetirmek howpuny aradan aýrar ýaly derejede gowulandyrmak, şonuň ýaly-da jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan täze howply etmişleri etmeginiň öňüni almak, maksady bilen ulanylýandygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Diňe öz hereketleriniň (hereketsizliginiň) hakyky häsiýetine we ähmiýetine, jemgyýetçilik taýdan howpludygyna akyl ýetirip bilmeýän ýa-da olara erk edip bilmeýän akyl taýdan (psihiki) dowamly bozulma, wagtlaýyn bozulma, akyly kemlik ýa-da akyl taýdan (psihiki) başga keselleriniň bolmagy, lukmançylyk häsiýetli mejbury çäräni ulanmak üçin esas däldir.

2. Kazyýet lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleriniň gatnawly usulda mejbury gözegçilikli bejeriş, umumy görnüşli ýatymlaýyn usulda psihiatriki mejbury bejeriş, ýöriteleşdirilen görnüşli psihiatriki lukmançylyk edarasynda mejbury bejeriş ýa-da güýçli gözegçilikli ýöriteleşdirilen görnüşli psihiatriki lukmançylyk edarasynda mejbury bejeriş ýaly görnüşleriniň birini belläp biler.

Eger adam jenaýat kanunynda görkezilen jemgyýetçilik howply etmişi akyly ýerinde däl ýagdaýynda eden bolsa, ýagny şeýle etmişi amala aşyrlan wagty, özüniň akyl taýdan (psihiki) dowamly bozulma, wagtlaýyn bozulma, akyly kemlik ýa-da akyl taýdan (psihiki) başga keselleri zerarly, öz hereketleriniň (hereketsizliginiň) hakyky häsiýetine we ähmiýetine, jemgyýetçilik taýdan howpludygyna akyl ýetrip

bilmändigi ýa-da olara erk edip bilmändigi sebäpli eden bolsa, onda ol adamyň Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 20-nji maddasynyň 2-nji böleginiň talabyna görä, jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmaga degişldigini kazyýetler ünsden düşürmeli däldirler.

Eger-de, adam jenaýat kanunynda görkezilen jemgyýetçilik howply etmişi edenden soň akyly ýerinde dällik keseline uçrap, ol öz hereketleriniň (hereketsizliginiň) hakyky häsiýetine we ähmiýetine, jemgyýetçilik taýdan howpludygyna akyl ýetirip ýa-da olara erk edip bilmeýän bolsa we onuň bu ýagdaýlary jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan jeza çäresini bellemeklige ýa-da bellenen jeza çäresini ýerine ýetirmeklige mümkinçilik bermeýän bolsa, onda ol adama jeza çäresi bellenilmeýär, jeza çäresi bellenen bolsa-da, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 76-njy maddasynyň 1-nji böleginiň talabyna laýyklykda, ol jeza çäresinden boşadylýar. Sagalan halatynda eger Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 74-nji we 78-nji maddalarynda göz öňünde tutulan wagt möhleti geçmedik bolsa, ol adam jenaýat jogapkärçiligine çekilip jeza berilmäge degişli edilip bilner.

Akyly düzüw bolup jenaýatçylykly hereketi edeni üçin iş kesilen, ýöne arakhorlukdan, neşekeşlikden ýa-da toksikomoniýadan we beýleki psihoaktiw maddalara baglylykdan ejir çekýän hem-de lukmançylyk häsiýetli mejbury bejerişe mätäç adama kazyýet jeza bilen bir hatarda jezany ýerine ýetirmek bilen birleşdirilen mejbury bejeriş çäresini belläp biler. Eger bu bejeriş ulanylmaly adamyň saglyk ýagdaýyna garşy bolmaýan bolsa agzalan mejbury bejeriş çäresi hökman bellenilmelidir. Şunda lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çäresi azatlykdan mahrum edilmek görnüşinde jeza çekýän ýerinde, jeza çekmegiň, başga görnüşi bellenen halatynda bolsa, iş kesilen babatda gatnawly usulda ýöriteleşdirilen lukmançylyk kömegini berýän saglygy goraýyş edaralarynda ýerine ýetirilmelidir.

3. Lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çäreleriniň görnüşi kazyýet tarapyndan saýlanylýar. Şunda kazyýet (kazy) lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çäresi ulanylmaga degişli adamyň lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çäreleriniň haýsy görnüşinde bolmalydygyny kesgitlände, şol adamyň psihiki taýdan bozulma keseliniň häsiýetini we agyrlygyny onuň psihiki ýagdaýynyň özi ýa-da beýleki adamlar üçin howplulygyny ýa-da başga bir düýpli zyýan ýetirmek howpuny göz öňünde tutmalydyr we kazyýet (kazy) bu barada gelen netijesini kazyýet-psihiatriýa bilermenler seljermesiniň netijesine we iş boýunça toplanyp kazyýet mejlisinde barlanan subutnamalaryň jemine esaslanyp delillendirmelidir.

Kazyýetler Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 97-nji maddasynyň 4-nji we 5-nji böleklerine laýyklykda, ýöriteleşdirilen görnüşli ýatymlaýyn psihiatriki lukmançylyk edarasynda mejbury bejeriş, diňe özüniň psihiki ýagdaýy boýunça hemişelik gözegçiligi talap edýän adama, güýçli gözegçilikli ýöriteleşdirilen görnüşli ýatymlaýyn psihiatriki lukmançylyk edarasyndaky mejbury bejeriş bolsa diňe özüniň psihiki ýagdaýy özi ýa-da beýleki adamlar üçin aýratyn howply bolup durýan we hemişelik hem-de güýçli gözegçiligi talap edýän adama bellenilip bilinýändigini ünsden düşürmeli däldirler.

4. Lukmançylyk häsiýetli mejbury çäräni ulanmak baradaky işleriň haýsy kazyýetde seredilmäge degişlidigi Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 60-62-nji maddalaryna laýyklykda, umumy tertipde kesgitlenilmelidir. Eger akyly

ýerinde däl diýlip ykrar edilen adamyň sagalmagy ýa-da onuň saglyk ýagdaýynyň üýtgemegi sebäpli ozal ulanylan lukmançylyk häsiýetli mejbury çäräni ýatyrmak, üýtgetmek we möhletini uzaltmak hakyndaky meselä şol çäräni ulanmak hakynda kesgitnama çykaran ýa-da şol çäräniň ulanylýan ýerinde ýerleşen kazyýet seredýär.

5. Eger-de, güman edilýäniň, aýyplanýanyň, kazyýetde işi seredilýäniň akyly düzüwdigi ýa-da jenaýat işi boýunça öz hukuklaryny we kanuny bähbitlerini özbaşdak goramaga ukyplydygy barada şübhe döreýän bolsa we onuň akyl taýdan saglyk ýagdaýyny kesgitlemeklik zerur bolsa, Türkmenistanyň JIÝK-niň 288-nji maddasynyň 3-nji bendiniň talaplaryna laýyklykda, şeýle adam babatynda kazyýet-psihiatriýa seljermesini bellemeklik hökmandyr.

Eger adama öň psihiatriki kömek berlendigi barada maglumat bar bolsa (lukmanlar tarapyndan psihiki taýdan bozulma diýip kesgitlenen bolsa, gatnawly psihiatriki komek berlen bolsa, ýatymlaýyn psihiatriki lukmançylyk edarasynda mejbury bejerişe sezewar edilen bolsa, başga jenaýat işi boýunça akyly düzüw däl diýip bilnen bolsa, akyl taýdan saglygynyň ýagdaýy boýunça harby gulluga ýaramly däl diýip ykrar edilen bolsa, ýakyn garyndaşlarynda şeýle keselli adam bar bolsa we ş.m.), psihiki ösüşi boýunça yza galýanlar üçin psihiatrik kömek berýän edarasynda okuwda bolan bolsa, öň beýni-çanak şikesini alandygy üçin psihiki taýdan bozulma bolmak mümkinçiligi bolan bolsa, özüni şübheli alyp barýan bolsa, şeýle-de özüniň ynjyly (psihopotologiki) aladalary, başdan geçirmeleri duýýandygy barada aýdanlary şeýle şübhäni döredýän ýagdaýlar diýip hasap edilip bilner.

Kazyýet-psihiatriýa seljermesi bellenende bilermenleriň öňünde barlanylýan adamyň jenaýat kanunynda görkezilen jemgyýetçilik howply etmişi amala aşyran wagty, deslapky derňewde ýa-da kazyýet seljerşinde sezewar bolan akyl taýdan bozulmasynyň häsiýetini we derejesini anyklap boljak maglumatlary ýüze çykarmak, agzalan döwürlerde şol adamyň öz hereketleriniň (hereketsizliginiň) hakyky häsiýetine we jemgyýetçilik howpuna akyl ýetirip bilýändigini ýa-da olara erk edip bilýändigini anyklamak, şol adamyň akyl taýdan bozulmasy özüne ýa-da beýleki adamlara howp salmak hem-de başga düýpli zyýan ýetirmek bilen baglydygyny anyklamak barada meseleler goýulmalydyr. Şeýle-de ýokarda agzalan ýagdaýdaky adamyň jenaýat işi boýunça öz hukuklaryny amala aşyryp biljekdigi ýa-da bilmejekdigi, şol adama lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmak zerurlygy we şeýle çäreleriň haýsy görnüşini ulanmaklygyň zerurdygy barada meseleler goýulmalydyr.

6. Lukmançylyk häsiýetli mejbury çäre ulanmak baradaky önümçiligi bolan kazyýet tarapyndan lukmançylyk häsiýetli mejbury çäre ulanylýan adamyň psihiki ýagdaýy bilen baglanyşykly meseleler çintgäp seljerilmäge we hukuk taýdan baha berilmäge degişlidir. Kazyýet-psihiatriýa bilermenler seljermesiniň aýdyň ýa-da doly däl, şeýle-de jenaýat işinde öň seljerilen ýagdaýlar boýunça täze soraglaryň ýüze çykan mahalynda goşmaça kazyýet bilermenler seljermesi bellenilip, ony geçirmek üçin ýene şol ýa-da başga kazyýet-psihiatriýa bilermenlerine tabşyrylyp bilner. Eger agzalan bilermenler seljermesiniň beren netijenamasynyň esaslandyrylmadyk halatynda ýa-da netijäniň dogrudygyna şübhe dörän ýagdaýynda ýa-da netijede gapma-garşylyklar bar bolsa kazyýet tarapyndan gaýtadan bilermenler seljermesi bellenilip, ony geçirmeklik öňküden başga kazyýet-

psihiatriýa bilermenlerine tabşyrylyp bilner. Gaýtadan seljerme bellemek hakyndaky kesgitnamada (kararda) öňki seljermäniň netijeleri bilen ylalaşmazlygyň delilleri görkezilmelidir.

7. Eger tussaglykda saklanýan güman edilýäne ýa-da aýyplanýana kazyýet-psihiatriýa bilermenler seljermesi bellenende ýatymlaýyn gözegçilikde bolmagyň zerurlygy ýüze çyksa, onda Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 530-njy maddasyna laýyklykda güman edilýän, aýyplanýan prokuroryň karary bilen lukmançylyk edarasyna ýerleşdirilip bilner. Tussaglykda saklanylmaýan güman edilýäni ýa-da aýyplanýany kazyýet-psihiatriýa bilermenler seljermesinden geçirmek üçin lukmançylyk edarasyna mejbury ýerleşdirmek Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 294-nji maddasynyň 2-nji böleginiň talabyna görä kazyýetiň çözgüdi ýa-da prokuroryň sanksiýasy boýunça ýol berilýär. Şeýle edilende bu adamlar barada degişli saglygy goraýyş edarasyna habar bermek bilen kesellini onuň garyndaşlaryna, howandarlaryna seretmäge bermek ýa-da akyldan azaşma keselleriden bejeriş kömegini berýän ýöriteleşdirilen lukmançylyk edaralaryna ýerleşdirmek ýaly howpsuzlyk çäreleri ulanylmalydyr. Garyndaşlaryna, howandarlaryna seretmäge bermek baradaky howpsuzlyk çäresi göz öňüne tutulýan garyndaşyň razylygy bilen ulanylmalydyr. Bular hakda seljerme bellemek hakyndaky kesgitnamada (kararda) görkezilmelidir.

Kazyýetiň kesgitnamasyna (kazynyň kararyna) Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 539-njy maddasynda göz öňünde tutulan tertipde işi seredilýän adamyň adwokaty, kanuny wekili, ýakyn garyndaşy hem-de jebir çeken we onuň wekili tarapyndan şikaýat we işe gatnaşan prokuror tarapyndan nägilelik tertibinde, teklipnama getirlip bilner.

8. Kazyýet mejlisinde geçirilen kazyýet-psihiatriýa bilermenler seljermesi tarapyndan kazyýetde işi seredilýäniň akyldan azaşma kesel bilen wagtlaýyn kesellidigi we onuň jemgyýetçilik howply etmişi eden wagtyndaky psihiki ýagdaýy barada netije bermek mümkin däldigi tassyklanan halatynda Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 364-nji maddasynda göz öňünde tutulan tertipde kazyýet jenaýat işi önümçilikden togtatmak hakynda delillendirilen kesgitnama (karar) çykarmalydyr. Şunda kazyýetde işi seredilýäni jenaýat jogapkärçilikden boşatmak ýa-da jeza bellemek meselesi çözülmän galdyrylmalydyr.

9. Özi barada lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmak hakynda iş alnyp barylýan adam aýyplanýanyň ähli hukuklaryndan peýdalanýar. Keseliniň derejesi we häsiýeti boýunça oňa Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 532-nji maddasynda göz öňünde tutulan hukuklaryndan peýdalanmagy üçin ähli mümkinçilikler üpjün edilmelidir. Şunda kazyýet-psihiatriýa seljermesine gatnaşan bilermenleriň netijesi we zerur hasap edilen halatda bolsa, ýatymlaýyn şertlerde psihiatriki kömek berýän lukmançylyk edarasynyň lukmançylyk netijesi hem göz öňünde tutulmalydyr. Ýöne ol resminamalarda görkezilenleriň artykmaçlygy ýokdur we olar iş boýunça toplanan beýleki subutnamalar bilen birlikde barlanyp baha berilmelidir.

10. Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 533-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, kazyýetiň kesgitnamasy bilen lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmak hakynda önümçilik alnyp barylýan adamyň ýakyn garyndaşy onuň

kanuny wekili hasap edilip işe gatnaşmaga çekilýär. Ýakyn garyndaşlar diýip Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 1-nji maddasynyň birinji böleginiň 17-nji bendine laýyklykda, ata-enelere (şol sanda perzentlige alanlara), är-aýala, çagalara (şol sanda perzentlige alnanlara), ata we enä, baba we mama, agtyklara, süýtdeş we doly süýtdeş däl doganlara düşünilmelidir. Ýakyn garyndaşlary bolmadyk ýagdaýynda ýa-da ýakyn garyndaşlarynyň kanuny wekil bolmakdan ýüz dönderilen halatynda, işe gatnaşmaga hossarlyk we howandarlyk edýän edaralaryň we guramalaryň wekilleri çekilip bilner. Çünki şeýle wekilleriň işe gatnaşmagy hökmanydyr.

Kazyýet kanuny wekiliň Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 533-nji maddasynyň 2-nji böleginde göz öňünde tutulan şol sanda, onuň jenaýat işi boýunça kazyýet seljerişine gatnaşmaga, haýyşlar we ynanmazlyklar bildirmäge, subutnamalar getirmäge, kazyýetiň hereketleri we çözgütleri barada şikaýat etmäge, kazyýetiň kesgitnamasy barada şikaýat etmäge we şikaýat edilýän çözgütleriň göçürilen nusgalaryny almaga, iş boýunça getirilen şikaýatlar we teklipnamalar barada bilmäge hem-de olara närazylyk bildirmäge, getirilen şikaýatlaryň we teklipnamalaryň kazyýetde seredilmegine gatnaşmaga bolan hukuklaryny amala aşyrmak üçin mümkinçiligi üpjün etmäge borçludyr. Ondan başga-da, kazyýet kanuny wekile onuň Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 540-njy maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleriň ýatyrylmagy ýa-da üýtgedilmegi hakynda haýyşnama bilen ol barada kesgitnama çykaran ýa-da şol çäräniň ulanylan ýerindäki kazyýete ýüz tutmaga we ol barada işe seredilende gatnaşmaga hukugynyň bardygy barada düşündirilmäge degişlidigini ünsden düşürmeli däldir.

Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 93-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, güman edilýäniň, aýyplanýanyň kanuny wekilleriniň işe gatnaşmagy şol adamlardan şaýat hökmünde sorag etmek mümkinçiligini aradan aýyrmaýar. Oňa görä-de, zerurlyk ýüze çykan halatynda, lukmançylyk häsiýetli mejbury çäre ulanmak barada önümçilik alnyp barylýan adamyň kanuny wekili iş boýunça şaýat hatarynda sorag edilip bilner. Ýöne kanuny wekili şaýat hatarynda sorag etmek barada onuň razylygy hökmandyr. Kazyýet bular barada delillendirilen kesgitnama (karar) çykarmalydyr we oňa Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 92-nji maddasynda görkezilen hukuklaryny düşündirip, ol diňe göz görtele ýalan görkezme beren ýagdaýynda ýüze çykýan jenaýat jogapkärçiligi barada duýdurylmalydyr.

Eger kanuny wekil özüniň wekilçilik edýäniniň zyýanyna hereket edýän bolsa, onda ol kazyýet tarapyndan işe gatnaşmakdan çetleşdirilmelidir we lukmançylyk häsiýetli mejbury çäre ulanmak barada önümçilik alnyp barylýan adamyň kanuny wekili diýip onuň başga ýakyn garyndaşlaryndan biri ykrar edilip işe gatnaşdyrylmalydyr. Başga ýakyn garyndaşy bolmadyk mahalynda hossarlyk we howandarlyk edarasynyň wekili gatnaşdyrylmalydyr.

11. Lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmak hakyndaky işler boýunça aýyplanýany ýatymlaýyn psihiatriýa bilermenler seljermesine ugratmak hakyndaky meselä seredilen mahalynda we önümçilik alnyp barylýan adamyň akyly ýerinde dälligi ýa-da akylyndan azaşandygy anyklanan wagtyndan başlap, eger öň

beýleki esaslar boýunça işe girizilmedik bolsa, adwokatyň gatnaşmagy hökmandyr. Görkezilen ýagdaýlarda adwokatdan ýüz dönderilmegi kabul edilmeli däldir. Agzalan talaplaryň berjaý edilmezligi iş ýörediş kanunynyň düýpli bozulmagydyr.

12. Kazyýet, kazy lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri bellemeklik baradaky jenaýat işini kabul edenden soňra, eger işi kazyýete degişliligi boýunça ibermäge we işi önümçilikden ýatyrmak üçin ýa-da goşmaça derňew geçirmek üçin işi yzyna gaýtarmak üçin esaslar, ýagny serenjam mejlisini geçirmeklige esas ýok bolsa, Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 537-nji maddasynyň 1-nji we 2-nji böleklerinde görkezilen ýagdaýlary çözmeklik üçin kazyýet mejlisini belläp, bu hakda prokurora, adwokata we işine seredilýän adamyň kanuny wekiline habar berýär hem-de jebir çekeni, şaýatlary, zerur bolan halatlarda bilermenleri hem çagyrmak hakynda buýruk berýär.

Özi barada lukmançylyk häsiýetli mejbury çäresini bellemek boýunça önümçilik alnyp barylýan adamyň keseliniň häsiýeti onuň çagyrylmagyna päsgel bermeýän bolsa, kazy ony kazyýet mejlisine çagyrmak hakynda buýruk berip, onuň kazyýet mejlisine gatnaşmak, haýyşlaryny bildirmek, jenaýat işiň materiallary bilen tanyşmak, ýa-da jenaýat iş ýörediş kanunçylygy bilen kepillendirilen beýleki hukuklaryny amala aşyrmak üçin kazyýet mejlisiniň geçiriljek ýeri we wagty barada habar bermelidir.

13. Kazy lukmançylyk häsiýetli mejbury çäresini bellemek boýunça önümçilik alnyp barylýan adamyň işi boýunça kazyýet seljerişini bellemek hakyndaky kararynda Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 339-njy maddasynyň 2-nji bölegиniň 9-njy bendine laýyklykda, şeýle-de şol Kodeksiň 27-nji maddasynyň 2-nji bölegінde görkezilenlerden başga-da, jenaýat işi seljerilende Türkmenistanyň kanunçylygynda goralýan lukmançylyk syrlarynyň aýan bolmagyna getirjek halatlarda işe kazyýetiň ýapyk seljerişinde seretmek barada netijä gelmelidir.

14. Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 535-nji maddasynyň 6-njy bölegine laýyklykda, lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmak hakyndaky jenaýat işiniň kazyýete iberilýändigi baradaky kararyň göçürilen nusgasy kanuny wekile ondan dil haty almak bilen gowşurylmalydyr. Eger ol gowşurylmadyk bolsa kazy işi seljermeklige bellemekligi gaýra goýup, bu işi ýerine ýetirmekligi degişli prokurora tabşyrmak barada buýruk çykaryp biler.

15. Özi barada lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmak hakynda iş alnyp barylýan adam keseliniň derejesi we häsiýeti boýunça mümkinçiligine görä kazyýet seljerişine gatnaşdyrylanda we kazyýet tarapyndan oňa lukmançylyk häsiýetli mejbury bejeriş çäresiniň haýsy görnüşiniň ulanylmaga degişlidigi kesgitlenilende hem-de onuň özüne ýa-da beýleki adamlara howp ýetirmek ýa-da başga düýpli zyýan ýetirmek ätiýajyna baha berlende onuň kazyýete beren görkezmesi iş boýunça toplanan beýleki subutnamalar bilen birlikde hasaba alynmalydyr.

16. Kazyýet mejlisiniň dowamynda, kazyýet derňewi Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 41-nji babynda görkezilen tertipde alnyp barylyp, kazyýet (kazy) tarapyndan işi hemmetaraplaýyn, doly seljerilip, jemgyýet üçin howply etmiş diýlip jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan etmişiň edilen-

edilmändigi, eger edilen bolsa, şol etmiş işine seredilýän adam tarapyndan edilen-edilmändigi kanunda görkezilen tertipde barlanylyp, ol ýagdaýlaryň subut bolýan-bolmaýandygyna hukuk taýdan baha berilmelidir. Şonuň bilen birlikde, agzalan etmişi şol adam eden diýip nitijä gelinse, onda ol şol etmişi akyly ýerinde däl ýagdaýynda edendigi ýa-da jenaýat edenden soň edendigi, onuň özüne ýa-da beýleki adamlara howp salmak ýa-da başga düýpli zyýan ýetirmek ätiýajynyň näderejededigi, şeýle-de Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 537-nji maddasynda talap edilýän ýagdaýlary anyklanylmalydyr.

Uly bolmadyk agyr jenaýaty amala aşyran, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksini 94-nji maddasynyň birinji böleginde sanalyp geçilen adamlar, şeýle hem özüniň psihiki ýagdaýy boýunça howp döretmeýän adamlar babatda kazyýet olary bejermek ýa-da psihiatriki edaralara ibermek baradaky meseleleri çözmek üçin psihiatriki kömek we ol berlende raýatlaryň hukuk kepillikleri hakynda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde zerur bolan materiallary saglygy goraýyş edaralaryna ibermelidir.

17. Eger-de, kazyýet mejlisinde, aýyplaw netijenamasy bilen gelen jenaýat işi seljerilýän wagtynda kazyýetde işi seredilýäniň jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan etmişi akyly düzüw däl ýagdaýda amala aşyrandygy ýa-da onuň jenaýat edenden soň öz hereketleriniň (hereketsizliginiň) hakyky häsiýetine we jemgyýetçilik howpyna akyl ýetirip bilmeýändigi ýa-da olara erk edip bilmeýändigi anyklansa, kazyýet (kazy) işi prokurora gaýtarmazdan, Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 51-nji babynda göz öňünde tutulanlardan ugur alyp netijä gelmelidir.

18. Kazyýet mejlisinde, jenaýat kanunçylygynda gadagan edilen we jemgyýet üçin howply etmişi etmekde birnäçe adam aýyplanýan bolup, aýyplaw netijenamasy bilen gelen jenaýat işi seljerilende, olaryň biri ýa-da birnäçesiniň jenaýaty akyly düzüw däl ýagdaýda amala aşyrandygy ýa-da jenaýat edenden soň öz hereketleriniň (hereketsizliginiň) hakyky häsiýetine we jemgyýetçilik howpyna akyl ýetrip bilmeýändigi ýa-da olara erk edip bilmeýändigi anyklansa, kazyýet (kazy) olaryň işine bilelikde seredip we degişlilikde olaryň saglary barada günälilik meselesini, kesellilerine bolsa lukmançylyk häsiýetli mejbury çäre ulanmak baradaky meseleleri çözüp biler.

19. Kazyýet seljerişinde jenaýat kanunçylygynda gadagan edilen we jemgyýet üçin howply etmişi kazyýetde işi seredilýän adamyň akyly ýerinde däl ýagdaýynda edendigi ýa-da onuň jenaýat edeninden soň öz hereketlerine düşünmäge ýa-da olara erk etmäge özüne mümkinçilik bermeýän birsyhly dowamly dälilik keseli bilen keselländigi subut boldy diýip netijä gelnenden soň, kazyýet ony Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 23-nji we 77-nji maddalarynyň talaplaryna laýyklykda, degişli tertipde jenaýat jogapkärçiliginden ýa-da jezadan boşatmak hakynda hem-de oňa lukmançylyk häsiýetli mejbury çäräni ulanmak hakynda kazyýet kesgitnama (ýa-da kazy karar) çykarmalydyr.

Kazyýetiň kesgitnamasynyň (ýa-da kazynyň kararynyň) beýan ediş böleginde edilen etmişiň wakasy (hereketleri ýa-da hereketsizligi) kazyýet mejlisinde barlanan subutnamalara esaslanyp anyklanandygy aýdyň beýan edilip, ol hereketlere hukuk taýdan delillendirilen baha berilmelidir. Kesgitnamanyň (ýa-da kararyň) netije böleginde haýsy adamy jenaýat jogapkärçiliginden ýa-da jezadan boşatmak

hakynda hem-de oňa lukmançylyk häsiýetli mejbury çäräniň anyk haýsy görnüşiniň ulanylýandygy hakynda, eger öň ätiýaçsyzlandyryş çäresi ýatyrylmadyk bolsa, onda ony ýatyrmak hakynda, şeýle-de maddy subutnamalar baradaky meseläniň çözülşi hakynda anyk görkezilmelidir.

20. Eger adam özüniň psihiki ýagdaýy boýunça jemgyýet üçin howply däl diýip anyklanan ýagdaýynda, kazyýet jenaýat işini ýatyrmak we lukmançylyk häsiýetli mejbury çäräni ulanmakdan ýüz döndermek hakynda kesgitnama, kazy karar çykarmalydyr.

Kazyýetde işine seredilýän adam babatynda Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 31-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 1-10-njy bentlerinde görkezilen ýagdaýlar ýüze çykarylan halatynda kazyýet şol adamyň akyldan azaşma keseliniň bardygyna we onuň häsiýetine garamazdan, jenaýat işini ýatyrmalydyr we bu barada degişli resminamalary Türkmenistanyň saglygy goraýyş edarasyna şol adam barada bejergi almak ýa-da psihiki keselden ejir çekýän bolsa, ýatymlaýyn psihiatriki lukmançylyk edarasyna ibermek meselesini çözmek üçin ibermelidir.

21. Lukmançylyk häsiýetli mejbury çäresini bellemek baradaky jenaýat işi boýunça bildirilen raýat hak islegi seredilmäge degişli däldir, ýöne bu soňundan raýat iş ýörediş önümçiligi tertibinde (Türkmenistanyň RK-nyň 1072-nji maddasy boýunça) ýüz tutulmaklyga päsgelçilik bolup bilmez, bu barada kazyýetiň kesgitnamasynda (kararynda) görkezilmelidir.

lukmançylyk häsiýetli mejbury çäresi bellenen adamdan, iş ýörediş harajatlary şol sanda adwokatyň beren hukuk kömeginiň tölegi alynmaýar, Şeýle çykdajylaryň öwezi Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 202-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň hasabyna dolunmalydygyny kazyýetler ünsden düşürmeli däldirler.

22. Eger iş kesilip jeza çäresini çekýän adam psihiki taýdan bozulma keseline uçrap, mundan beýläk jeza çekmegi mümkin bolmasa, ol Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 76-njy maddasynyň 1-nji bölegine we 94-nji maddasynyň 1-nji böleginiň “b” bendine laýyklykda jeza çekmekden boşadylyp, ol barada lukmançylyk häsiýetli mejbury çäresi bellenip bilner.

Türkmenistanyň Jenaýat-ýerine ýetiriş kodeksiniň 173-nji maddanyň 2-nji bölegine laýyklykda, iş kesilen ýa-da onuň kanuny wekili jezany ýerine ýetirýän edaranyň administrasiýasynyň üsti bilen jeza çekmekden boşatmak barada haýyşnama bilen kazyýete ýüz tutmaga haklydyr. Iş kesileniň ýa-da onuň kanuny wekiliniň özbaşdak ýüz tutmaga mümkinçiligi bolmasa, onda jezany ýerine ýetirýän edaranyň ýolbaşçysy iş kesileniň psihiki taýdan bozulma keseline uçrandygy zerarly ony jeza çekmekden boşatmak baradaky teklipnamasy bilen kazyýete ýüz tutýar. Şunda lukmançylyk toparynyň netijenamasy, iş kesileniň şahsy işi we agzalan haýyşnama ýa-da teklipnama bilen birlikde kazyýete iberilmelidir. Kazyýete gelip gowşan bu baradaky haýyşnama ýa-da teklipnama seretmek we çözmek tertibi Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 536-njy maddasyna laýyklykda, lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmak hakynda iş alnyp barylýan adamyň Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 51-nji babynda kepillendirilen hukuklary berjaý edilip geçirilmelidir.

23. Işe seredilip, şonuň netijesi boýunça kabul edilen, kanuny güýje girmedik

kazyýet kesgitnamasyna (kararyna) nägilelik tertibinde lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmak hakynda iş alnyp barylýan adam, onuň adwokaty, kanuny wekili, jebir çeken, onuň wekili tarapyndan şikaýat ýa-da prokuror tarapyndan teklipnama getirilip bilinýändigi, şeýle-de beýleki adamlar tarapyndan hem şikaýat edilýän kazyýet çözgüdiniň olaryň kanuny bähbitlerine täsir edýän bölegine şikaýat getirip bilinýändigi kazyýetiň kesgitnamasynda (kararynda) gökezilmelidir.

Kazyýetiň kesgitnamasyna (kazynyň kararyna) getirilen şikaýat ýa-da teklipnama işe nägilelik tertibinde seredilende kazyýet kollegiýasynyň mejlisine lukmançylyk häsiýetli mejbury çäräni ulanmak hakynda iş alnyp barylýan adamyň gatnaşmaga haky bardyr, ýöne ol adamyň psihiki ýagdaýy özüniň gatnaşmagyna mümkinçilik berýän bolsa ýol berilýär. Şunda kazyýet-psihiatriýa bilermenler seljermesine gatnaşan hünärmenleriň netijenamasy, zerurlygy ýüze çykanda ýatymlaýyn psihiatriki kömegini beren lukmançylyk edarasynyň netijenamasy nazara alynýar.

24. Ýokary basgançakly kazyýet, ýeterlik esas bolan mahalynda we lukmançylyk häsiýetli mejbury çäre bellenen adamyň goranmak hukugy bozulmaýan bolsa, birinji basgançakly kazyýet tarapyndan bellenilen lukmançylyk häsiýetli mejbury çäräniň görnüşini ýeňil görnüşine üýtgetmäge ýa-da bellenilen lukmançylyk häsiýetli mejbury çäräniň has berk görnüşini bellemek barada ýeterlik esas bolan mahalynda, şeýle-de jebir çekeniň nägilelik şikaýaty ýa-da nägilelik teklipnama bar ýagdaýynda birinji basgançakly kazyýetiň kesgitnamasyny (kazynyň kararyny) söküp, işi başga düzümde täzeden seretmek üçin ibermäge haklydyr.

Lukmançylyk häsiýetli mejbury çäräni ulanmak hakynda iş alnyp barylýan adamyň psihiki ýagdaýy kazyýet mejlisine özüniň gatnaşmagyna we kazyýet mejlisinde öz iş ýörediş hukuklaryny amala aşyrmagyna mümkinçilik berýän bolsa we onuň bu hukuklaryndan peýdalanmak mümkinçiligi kazyýet tarapyndan üpjün edilmedik bolsa, onda Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 532-nji maddasynyň talaplarynyň düýpli bozuldygy hasap edilip, çykarylan kazyýet kararynyň sökülmegine getirýär.

25. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 98-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, Lukmançylyk häsiýetli mejbury çäresi bellenilen adam barada, şeýle çäräni bes etmek ýa-da üýtgetmek hakynda esaslaryň bardygy ýa-da ýokdugy baradaky meseläni çözmek üçin kazyýete teklip girizmek maksady bilen psihiator-lukmanlar topary tarapyndan alty aýda azyndan bir gezek barlanylyp görülmäge degişlidir. Mejbury bejerilişiň birinji dowam etdirilmesi lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çäresiniň başlanan pursadyndan alty aý geçeninden soň amala aşyrylyp bilner.

Eger psihiator-lukmanlar toparynyň soňky netijesi kazyýet mejlisinde tassyk bolup, şol adamyň saglyk ýagdaýy boýunça ozal bellenilen lukmançylyk häsiýetli mejbury çäräni ulanmagy dowam etmek hökmanlygy aradan aýrylan bolsa ýa-da başga görnüşli lukmançylyk çäresini ulanmak zerurlygy ýüze çykan halatynda, kazyýet mejbury çäräni degişlilikde ýatyrmalydyr ýa-da üýtgetmelidir. Lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çäresini bes etmek ýa-da üýtgetmek üçin esaslar ýok bolsa, psihiatrik kömegi berýän edaranyň administrasiýasynyň mejbury bejerişi dowam etdirmek üçin gelen netijesi kazyýete berilmelidir. Kazyýet bolsa bu

ýagdaýyň tassyk bolan halatynda mejbury bejerişiň möhletini uzaltmalydyr.

Jezany ýerine ýetirmek bilen birleşdirilen lukmançylyk häsiýetli bejeriş (arakhorlukdan, neşekeşlikden we ş. m.) çäresi psihiator-lukmanlar toparynyň çykaran netijesi esasynda, eger ol iş kesileniň psihiki ýagdaýyna we bejerişiň bähbidine esaslanýan bolsa, kazyýet şeýle adamy ýatymlaýyn psihiatriki lukmançylyk edarasyna ýa-da başga bejeriş edarasyna iberip biler. Eger psihiator-lukmanlar toparynyň çykaran soňky netijesi esasynda, iş kesileni agzalan edaralarda mundan beýläk bejermegiň zerurlygy aradan aýrylan halatynda, ol kazyýetiň kesgitnamasy (kazynyň karary) bilen Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 100-nji maddasynyň 4-nji böleginde göz öňünde tutulan tertipde jeza möhletini doldurmak üçin iberilmelidir. Jezany ýerine ýetirmek bilen birleşdirilen lukmançylyk häsiýetli bejeriş çäresini bes etmek psihiator-lukmanlar toparynyň çykaran netijesine esaslanyp jezany ýerine ýetirýän edarasynyň görkezmesi boýunça berjaý edilýär.

Lukmançylyk häsiýetli mejbury çäräni ulanmagyň ýatyrylandygy, üýtgedilendigi ýa-da uzaldylandygy, şol sanda hem ýatyrmakdan ýüz dönderilendigi hakynda kazyýet maslahat otagynda kesgitnama, kazy bolsa karar çykarmalydyr.

26. Lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleriniň möhletini uzaltmak, ony üýtgetmek ýa-da bes etmek meselesine seredilende kazyýet gelip gowşan haýyşnamanyň esaslylygyny Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 540-njy maddasynyň talaplaryndan ugur alyp jikme-jik barlamalydyr. Onuň üçin kazylar ulanylan bejerginiň we lukmançylyk gözegçiliginiň netijelerini öwrenip bejergi alanyň psihiki ýagdaýynyň näderejededigine göz ýetirmelidirler. Şunda lukmançylyk häsiýetli mejbury çaresiniň dowam etdirilmegi, üýgedilmegi ýa-da bes edilmegi baradaky meselesine seredilýän adamyň bejergi alýan lukmançylyk edarasynyň (stasionar şertlerde psihiatriýa kömegi berýän lukmançylyk edarasynyň) wekili çagyrylyp bilner. Garşysyna lukmançylyk häsiyetli mejbury çäresini ulanmak baradaky alnyp barylýan onümçilik boýunça kazyýet mejlisine aawokatyň, kanuny wekiliň we prokuroryň gatnaşmaklary hökmandyr.

27. Eger psihiki ýagdaýy boýunça, gatnawly usulda mejbury gözegçiligi görnüşindäki lukmançylyk häsiýetli mejbury çäresi bellenen adamyň psihiatrik lukmanynyň gözegçiliginde bolup we bejergi alýan adama ýatymlaýyn psihiatriki lukmançylyk edarasynda lukmançylyk häsiýetli mejbury çäresini bellemek zerurlygy ýüze çykan halatynda, ýagny psihiki taýdan bozulma keseliniň häsiýetine we agyrlygyna baglylykda şol adamy diňe keselhana şertlerinde amala aşyryp bolýan bejermek, seretmek, saklamak we gözegçilik etmek talap edýän mahalynda, kazyýet Türkmenistanyň JK-nyň 97-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, lukmançylyk häsiýetli mejbury çäräniň görnüşini üýtgetmäge haklydyr. Kazyýetiň kesgitnamasynda, kazynyň kararynda öň lukmançylyk häsiýetli mejbury çäre ulanylan adamyň psihiki ýagdaýynyň üýtgäp, onuň özi ýa-da töweregindäkiler üçin howply bolup duryandygyny tassyklaýan ýagdaýlar görkezilmelidir.

28. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 98-nji maddasynyň 4-nji böleginiň kadasyna görä, ýatymlaýyn psihiatriki lukmançylyk edarasynda mejbury bejeriş bes edilen ýagdaýynda, kazyýet mejbury bejerişde bolan adam babatynda, onuň bejeriş almagy ýa-da psihonewrologiýa edarasynda durmuş üpjünçilik meselesiniň Türkmenistanyň kanunlarynda bellenen tertipde çözülmegi üçin zerur

resminamalary Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň degişli saglygy goraýyş edaralaryna ibermelidir.

29. Eger jenaýaty amala aşyrandan soň, psihiki taýdan bozulma bilen keselläп adam babatynda bellenilen lukmançylyk häsiýetli mejbury çäräniň ulanylmagy netijesinde, adam sagalan hasaplanan ýagdaýynda, saglygy goraýyş edarasynyň baş psihiatrynyň we hünärmen-lukmanlar toparynyň netijenamalary esasynda, jenaýat işi önümçiligindäki kazyýet lukmançylyk häsiýetli mejbury çäräni bes etmek barada kesgitnama, (kazy karar) çykarýar we umumy tertipde deslapky derňew geçirmek üçin jenaýat işini ibermek meselesini çözýär. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 99-njy maddasyna laýyklykda, ýatymlaýyn psihiatriki lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreler üçin ulanylan döwür, onuň jeza möhletiniň hasabyna alynýar.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy B.Çaryýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy Ş.Haýytow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 2

2016-njy ýylyň 16-njy iýuly Aşgabat şäheri

Arakhorlukdan, neşekeşlikden ýa-da psihoaktiw maddalara baglylykdan ejir çekýän adamlary bejermek bilen bagly kanunçylygyň kazyýetler tarapyndan ulanylyşynyň iş tejribesi hakynda

(26.08.2017 ý. № 3; 18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3; 19.10.2024 ý. № 9, 18.10.2025 ý. № 10; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

"Arakhorlukdan, neşekeşlikden ýa-da psihoaktiw maddalara baglylykdan ejir çekýän adamlary bejermek bilen bagly çäreler hakynda" 2012-nji ýylyň 31-nji martyndaky Türkmenistanyň kanunyny birmeňzeş, dogry ulanylmagyny üpjün etmek maksadyna eýerip, bu babatda ýüze çykýan meseleler boýunça kazyýetlere düşündiriş bermegiň zerurdygy sebäpli, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy

K A R A R E D Ý Ä R:

1. Arakhorlukdan, neşekeşlikden ýa-da psihoaktiw maddalara baglylykdan ejir çekýän adamlary dikeldiş merkezine bejergi almak üçin ibermek baradaky işlere seredenlerinde, agzalan adamlaryň kazyýetiň karary bilen alty aýdan bir ýyla çenli möhlete içeri işler edaralarynyň Ýörite dikeldiş merkezinde bejergi almak üçin iberilip bilinýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Şunda, kämillik ýaşyna ýetmedikleriň, göwreli aýallaryň, üç ýaşa çenli çagasy bolan aýallaryň we elli ýedi ýaşdan uly aýallaryň, altmyş iki ýaşdan uly erkek adamlaryň, I we II topar maýyplygy bolan adamlaryň, hroniki ruhy keselden ejir çekýän ýa-da bejergi almaga päsgel berýän başga baglanyşykly geçýän agyr keseli bolan adamlaryň arakhorlukdan, neşekeşlikden ýa-da psihoaktiw maddalara baglylykdan bejergi almak üçin dikeldiş merkezine iberilmäge degişli däldiklerine kazyýetler üns bermelidirler.

2. Alkogoldan serhoş ýa-da neşe serişdelerini, psihotrop, toksiki ýa-da beýleki seri dumanladyjy maddalary ulanmagyň netijesinde emele gelen ýagdaýda edilen administratiw hukuk bozulmalar üçin bir ýylyň dowamynda iki ýa-da şondan köp gezek jogapkärçilige çekilen adamyň içeri işler edaralarynyň delillendirilen karary bilen saglygy goraýşyň döwlet ulgamynyň degişli edaralarynda hemmetaraplaýyn lukmançylyk barlagyndan geçirilýändigini, mundan başga-da, alkogoly hyýanatly peýdalanmagy, şonuň ýaly-da neşe serişdelerini, psihotrop, toksiki ýa-da beýleki seri dumanladyjy maddalary yzygiderli ulanmagy bilen baglanyşykly özüni alyp barşy bilen ilatyň we daş-töweregindäkileriň howpsuzlygy,

saglygy we ahlagy üçin howp döredýän, kanunçylygy we jemgyýetçilik tertibini bozýan ýa-da maşgalasyny maddy taýdan kynçylyklara sezewar edýän ýa-da öň ýatymlaýyn bejergi alan arakhorlukdan, neşekeşlikden ýa-da psihoaktiw maddalara baglylykdan ejir çekýän adamyň, eger ol meýletin bejerişden ýüz dönderýän bolsa, zähmetkeşler köpçüliginiň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, içeri işler edaralarynyň, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň teklipleri ýa-da şol adamyň maşgala agzalarynyň (maşgala gatnaşyklaryna esaslanan hukuklary we borçlary bolan adamlaryň, ýagny äriniň, aýalynyň, olaryň çagalarynyň we ata-enesiniň, şeýle hem olar bilen bile ýaşaýan beýleki maşgala agzalarynyň) arzalary esasynda saglygy goraýşyň döwlet ulgamynyň degişli edaralarynda hemmetaraplaýyn lukmançylyk barlagyndan geçirilýändigini kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

3. “Arakhorlukdan, neşekeşlikden ýa-da psihoaktiw maddalara baglylykdan ejir çekýän adamlary bejermek bilen bagly çäreler hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasynyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan esaslar bar bolanda, bejergi almak üçin dikeldiş merkezine ibermek barada kazyýete teklipnama giriziljekdigi hakynda arakhorlukdan, neşekeşlikden ýa-da psihoaktiw maddalara baglylykdan ejir çekýän adama içeri işler edaralary tarapyndan alty aýyň dowamynda azyndan iki gezek resmi taýdan duýdurylmalydyr.

Şunda duýduryşlaryň zerurlygy esaslandyrylmalydyr we duýduryş bermek baradaky resminamada oňa şikaýat edilip bilinýändigi görkezilmelidir.

Şunda arakhorlukdan, neşekeşlikden ýa-da psihoaktiw maddalara baglylykdan ejir çekýän adam içeri işler edaralary tarapyndan iki gezek resmi taýdan duýdurylandan soňra, berlen duýduryşlardan degişli netije çykarman, alkogoly, şonuň ýaly-da neşe serişdelerini, psihotrop, toksiki ýa-da beýleki seri dumanladyjy maddalary yzygiderli ulanmagy dowam etdiren ýagdaýynda, şol adamy bejergi almak üçin dikeldiş merkezine ibermek barada kazyýete teklipnama girizilýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

4. Adamy arakhorlukdan, neşekeşlikden ýa-da psihoaktiw maddalara baglylykdan ejir çekýän diýip ykrar etmek baradaky lukmançylyk netijenamasy esasynda bejergi almak üçin ibermek barada degişli resminamalary kazyýetde seretmäge taýýarlamak, ibermek we teklipnama girizmek içeri işler edaralary tarapyndan amala aşyrylýar.

Oňa görä-de, adamy dikeldiş merkezine bejergi almak üçin ibermek barada içeri işler edaralary tarapyndan kazyýete ýazmaça görnüşinde teklipnama berilmelidir we şol teklipnamada adamy dikeldiş merkezine ibermek üçin esas bolan ýagdaýlar doly ýazylyp beýan edilmelidir.

Adamy arakhorlukdan, neşekeşlikden ýa-da psihoaktiw maddalara baglylykdan ejir çekýän diýip ykrar etmek baradaky netijenama psihiatr-narkolog lukmanlaryň hökmany gatnaşmagynda, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň ýöriteleşdirilen saglygy goraýyş edaralarynda döredilýän topar tarapyndan çykarylan bolmalydyr.

5. Adamy dikeldiş merkezine iberemek baradaky teklipnamanyň ýanyna şu resminamalar goşulmalydyr:

- adamy arakhorlukdan, neşekeşlikden ýa-da psihoaktiw maddalara baglylykdan ejir çekýän diýip ykrar etmek we adamyň dikeldiş merkezinde bejergi almagyna päsgel berýän başga keseliniň ýokdugy baradaky lukmançylyk netijenamasy;

- adamy alkogoldan serhoş ýa-da neşe serişdelerini, psihotrop, toksiki ýa-da beýleki seri dumanladyjy maddalary ulanmagyň netijesinde emele gelen ýagdaýda edilen administratiw hukuk bozulmalar üçin bir ýylyň dowamynda iki ýa-da şondan hem köp gezek jogapkärçilige çekilendigi baradaky kararlaryň nusgalary;

- adamy saglygy goraýşyň döwlet ulgamynyň degişli edaralarynda hemmetaraplaýyn lukmançylyk barlagyndan geçirmek baradaky içeri işler edaralarynyň delillendirilen karary ýa-da zähmetkeşler köpçüliginiň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, içeri işler edaralarynyň, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralarynyň teklipleri ýa-da agzalan adamyň maşgala agzalarynyň arzalary;

- bejergi almak üçin dikeldiş merkezine ibermek barada kazyýete teklipnama giriziljekdigi hakynda içeri işler edaralary tarapyndan şol adama resmi taýdan berlen duýduryşlaryň nusgalary;

- onuň maşgala ýagdaýy baradaky güwänama;

- onuň şahsyýetini tassyklaýan pasportynyň nusgasy ýa-da ornuny tutýan resminamalar;

- arakhorlukdan, neşekeşlikden ýa-da psihoaktiw maddalara baglylykdan ejir çekýän adamyň kanunçylygy we jemgyýetçilik tertibini bozýandygyna, şeýle-de maşgalasyny maddy taýdan kynçylyklara sezewar edýändigine, öň dikeldiş merkezinde ýatymlaýyn bejergi alandygyna we meýletin bejerişden ýüz dönderýändigine şaýatlyk edýän subutnamalar goşulmalydyr.

6. Içeri işler edaralarynyň adamy dikeldiş merkezine ibermek baradaky teklipnamasy şol adamyň hemişelik ýaşaýan ýerindäki etrap ýa-da etrap hukukly şäher kazyýeti tarapyndan üç gije-gündizden gijä goýulman seredilmelidir.

Işe içeri işler edaralarynyň wekiliniň, özi babatda teklipnama girizilen adamyň we onuň islegi boýunça wekiliniň (adwokatyň) gatnaşmagynda, kazynyň ýekeliginde açyk kazyýet mejlisinde seredilmelidir. Bejergi almak üçin ibermek baradaky teklipnama seredilende bu barada Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 267-269-njy maddalarynda bellenilen tertipde kazyýet mejlisiniň teswirnamasy düzülýär.

Kazy zerur hasaplan halatynda işe jemgyýetçilik birleşikleriniň, zähmetkeşler köpçüliginiň hem-de ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralarynyň wekillerini, şeýle hem dikeldiş merkezine iberilýän adamyň maşgala agzalaryny ýa-da ýakyn garyndaşlaryny hem gatnaşdyrmaga haklydyr.

7. Kazy iş boýunça ýeterlik subutnamalar toplanan we bejergä ibermäge esas bar diýip hasap eden ýagdaýynda, arakhorlukdan, neşekeşlikden ýa-da psihoaktiw maddalara baglylykdan ejir çekýän adamy dikeldiş merkezine bejergi almak üçin ibermek barada karar çykarýar.

Kazyýet mejlisinde iş boýunça goşmaça barlaglar we resminamalar bilen düzedip bolmajak kemçilikler ýüze çykarylsa, kazynyň karary bilen iş boýunça önümçiligiň bes edilýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

Kazyýetiň kararynyň göçürilen nusgasy içeri işler edarasyna, bejergi almak üçin ibermek barada teklipnama girizilen adama, prokurora, şeýle hem işe gatnaşan wekile (adwokata) iberilmelidir.

Kazyýetiň raýaty dikeldiş merkezine ibermek baradaky karary "Arakhorlukdan, neşekeşlikden ýa-da psihoaktiw maddalara baglylykdan ejir çekýän adamlary bejermek bilen bagly çäreler hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 10^1-njy maddasynyň talaplaryna laýyk düzülip, delillendirilen bolmalydyr we kararda adamyň dikeldiş merkezinde bejergide bolmaly möhleti anyk görkezilmelidir.

8. Bejergi almak üçin ibermek barada kazyýetiň karary yglan edilen gününden soň on günüň dowamynda bu karara bejergi almak üçin dikeldiş merkezine ibermek barada karar çykarylan adam, onuň wekili (adwokaty) tarapyndan ikinji basgançakly kazyýete nägilelik tertibinde şikaýat edilip ýa-da prokuror tarapyndan teklipnama getirilip bilinýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

9. Welaýat ýa-da welaýat hukukly şäher kazyýeti bejergi almak üçin ibermek barada kazyýetiň çykaran kararyna nägilelik tertibinde bildirilen şikaýata ýa-da getirilen teklipnama kazynyň ýekeliginde seredýär.

Bejergi almak üçin ibermek barada etrap ýa-da etrap hukukly şäher kazyýeti tarapyndan çykarylan karara gözegçilik tertibinde edilen şikaýata ýa-da getirilen teklipnama welaýat ýa-da welaýat hukukly şäher kazyýetiniň başlygy, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň başlygy ýa-da onuň orunbasary tarapyndan seredilýär.

10. Bejergi almak üçin dikeldiş merkezine ibermek barada kazyýetiň karary kanuny güýje giren gününden beýläk üç gije-gündizden gijä goýulman ýerine ýetirmek üçin içeri işler edaralaryna iberilmelidir.

Dikeldiş merkezine bejergi almak üçin iberilen adamyň dikeldiş merkezinde bolmagynyň möhleti ol adamyň bu edara gelip, kabul edilen gününden hasaplanylmalydyr.

Arakhorlukdan, neşekeşlikden ýa-da psihoaktiw maddalara baglylykdan ejir çekýän diýip ykrar etmek baradaky Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň edaralarynda döredilýän topar tarapyndan çykarylan netijenama laýyklykda, bejergi almak üçin ibermek barada özi babatda kazyýet tarapyndan karar çykarylan adama zerur bolan saglygy goraýyş kömegini bermek üçin, ýagny arakhorlukdan, neşekeşlikden ýa-da psihoaktiw maddalara baglylykdan bejergi almak üçin ony kazyýetiň karary kanuny güýje girýänçä saglygy goraýyş edaralarynyň degişli bölümlerine ýerleşdirilip bilinýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

Şunda saglygy goraýyş edarasynda bolnan wagtyň dikeldiş merkezinde bejergi almak möhletine goşulýandygyna kazyýetler üns bermelidirler.

Dikeldiş merkeziniň administrasiýasy karary ýerine ýetirmäge girişendigi, bejergi almak üçin iberilen adamyň bejergide bolýan ýeri barada şeýle hem şol adamyň dikeldiş merkezinde bejergi almakdan boşandygy barada dikeldiş

merkezine ibermek baradaky karary çykaran kazyýete, şeýle hem şol adamyň ýakyn garyndaşlarynyň birine ýazmaça habar bermelidir.

Eger-de agzalan maglumatlar kazyýete gelip gowuşmadyk bolsa, onda kazy dikeldiş merkezinden şol maglumatlary talap edip almalydyr.

11. Agzalan Kanunyň 14-nji maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda, dikeldiş merkezinde bolmagyň düzgünini we bejergi almagyň şertlerini berjaý etmeýän adamyň bejergi almak üçin bellenilen möhletiniň dikeldiş merkeziniň administrasiýasynyň delillendirilen teklibi boýunça bu edaranyň ýerleşýän ýerindäki kazyýet tarapyndan seredilip uzaldylyp bilinýändigini, ýöne onuň üç aýdan artyk bolmaly däldigini kazyýetlere düşündirmeli.

12. Azatlykdan mahrum etmek görnüşinde jeza çekýän arakhorlukdan, neşekeşlikden ýa-da psihoaktiw maddalara baglylykdan bejergi bellenilen adam jeza möhletini doldurandan soň, jezany ýerine ýetirýän edaranyň administrasiýasynyň şeýle zerurlyk baradaky lukmançylyk netijenamasy esasynda berlen teklibi boýunça bu edaranyň ýerleşýän ýerindäki kazyýet tarapyndan şol adamy bejergi alynmadyk möhlete dikeldiş merkezine bejergi almak üçin iberilip bilinýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

13. Dikeldiş merkezinde bolmagyň düzgüni we bejergi almagyň şertleri berjaý edilende we bellenilen bejergi almak möhletiniň ýarysyndan az bolmadyk bölegi geçeninden soň, dikeldiş merkeziniň administrasiýasynyň lukmançylyk toparynyň netijenamasyna esaslanýan teklibi boýunça bejergi almak möhletiniň bu edaranyň ýerleşýän ýerindäki kazyýet tarapyndan seredilip gysgaldylyp bilinýändigini ýa-da dikeldiş merkezinde bejergi alýan adamyň ondan boşadylyp bilinýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

14. Mundan başga-da, agzalan Kanunyň 15-nji maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda, dikeldiş merkezinde bejergi alýan adamda hroniki ruhy keseliň ýa-da onuň bejergi almagyna päsgel berýän başga baglanyşykly geçýän agyr keseliň alamatlary ýüze çykarylan ýa-da onuň şol Kanunda bellenilen ýaşynyň dolan halatlarynda, onuň bejergi almakdan möhletinden öň boşadylyp bilinýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

15. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň degişli kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri arakhorlukdan, neşekeşlikden ýa-da psihoaktiw maddalara baglylykdan ejir çekýän adamlary dikeldiş merkezine bejergi almak üçin ibermek baradaky işleriň seredilişine kazyýet gözegçiligini güýçlendirmelidirler, goýberilýän ýalňyşlyklary we kemçilikleri öz wagtynda ýüze çykaryp, olaryň gaýtalanmazlygy üçin degişli çäreleri görmelidirler we aşakda durýan kazyýetlere zerur bolan kömegi bermelidirler.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy B.Çaryýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy Ş.Haýytow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 3

2016-njy ýylyň 16-njy iýuly Aşgabat şäheri

Jenaýatlaryň we beýleki kanun bozmalaryň öňüni almak baradaky kanunçylygy ulanmak boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda

(18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Kazyýetleriň jenaýatlaryň we başga kanun bozulmalaryň öňüni almak babatyndaky işini gowulandyrmak we bu baradaky kanunçylygyň birmeňzeş ulanylmagyny üpjün etmek maksady bilen, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy

K A R A R E D Ý Ä R :

1. Her bir jenaýat işi boýunça jenaýatyň we başga kanun bozmanyň edilmegine ýardam eden sebäpleri we şertleri ýüze çykarmagyň we olary ýok etmek üçin degerli çäre görmekligiň kazyýetiň kanunyň talaplaryndan gelip çykýan borjudygyndan ugur alyp, görkezilen kemçilikleri aradan aýyrmaklygyň zerurdygyny kazyýetlere düşündirmeli.

Eýeçilige garşy jenaýatlaryň, parahorçulygyň, agyr, gaýtalanýan we başga jenaýatlaryň, şeýle hem kämillik ýaşyna ýetmedikler tarapyndan edilýän jenaýatlaryň bolmagyna ýardam eden sebäplere we şertlere aýratyn üns berilmelidir.

Kazyýetler jenaýat işlerine seredenlerinde, kärhanalaryň, edaralaryň, guramalaryň we käbir wezipeli adamlaryň işlerindäki ýüze çykarylan emläge eýeçiliksiz göz bilen garalmagy, onuň dargadylmagy ýaly, şeýle hem kanunçylygyň berjaý ediliş ýagdaýyna ýaramaz täsir edýän beýleki kanun bozmalary we kemçilikleri ünsden düşürmeli däldirler.

2. Jenaýatyň sebäplerini we onuň amala aşyrylmagyna ýardam eden şertleriň deslapky derňewiň dowamynda ýüze çykarylandygyny, olary aradan aýyrmak üçin çäreleriň görlendigini kazyýetler jenaýat işlerine seredenlerinde barlamalydyrlar. Eger işiň maglumatlarynda anyklaýyş edarasynyň, sülçiniň ýa-da prokuroryň görkezilen sebäpleri we şertleri aradan aýyrmak baradaky teklipnamasy bar bolsa, onda kazyýet degişli kärhananyň, edaranyň we guramanyň ýolbaşçysy tarapyndan teklipnama boýunça zerur çäräniň görlendigini anyklamalydyr. Eger-de çäre görülmedik bolsa, onda bu barada hususy kesgitnamada (kararda) görkezilmeli we esas bar bolsa, wezipeli adamyň jogapkärçiligi barada ýokarda durýan edaranyň öňünde mesele goýulmalydyr.

3. Jenaýatlaryň we başga kanun bozmalaryň edilmegine ýardam eden sebäpleri we şertleri ýüze çykarmak üçin, iş boýunça barlanan başga subutnamalar

bilen bir hatarda, geçirilen kazyýet bilermenler seljermeleriniň netijesinde alnan maglumatlary hem giňişleýin ulanmagyň zerurdygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Bilermenler seljermesini bellänlerinde, kazyýetler bilermenleriň ýörite bilimleriniň jenaýatyň ýa-da başga kanun bozmanyň edilmegine ýardam eden ýagdaýlary anyklamak üçin hem ulanylyp bilinjekdiginden ugur almaga haklydyrlar.

Bilermeniň öňünde goýlan sowallar onuň ýörite bilimleriniň we ygtyýarlyklarynyň çäklerinden çykmaly däldir. Bu talap jenaýatyň we başga kanun bozmanyň edilmegine ýardam edýän ýagdaýlar baradaky sowallara, şeýle hem oňa bilermeniň berjek jogabyna hem degişlidir.

Bilermeniň jenaýatyň we başga kanun bozmanyň edilmegine ýardam eden ýagdaýlar baradaky netijesi Türkmenistanyň JIÝK-nyň 136-njy maddasyna laýyklykda baha berilmäge degişlidir we ol kazyýet tarapyndan hususy kesgitnama (karar) çykarylanda esas bar bolsa göz öňünde tutulýar.

4. Kärhanalaryň, edaralaryň, guramalaryň we wezipeli adamlaryň işindäki kemçilikleriň, ýalňyşlaryň we säwlikleriň jenaýatyň ýa-da başga kanun bozmalaryň edilmegine ýardam edendigi jenaýat işlerine seredilende anyklansa, kazyýet Türkmenistanyň JIÝK-nyň 434-nji maddasynyň talaplaryna laýyklykda, hususy kesgitnama (karar) çykarýar, şonda ýüze çykarylan kemçilikleriň, ýalňyşlaryň we säwlikleriň manysy, olar bilen edilen jenaýatyň ýa-da başga kanun bozmanyň arabaglanyşygy görkezilýär we olary aradan aýyrmak üçin çäreleri görmek teklip edilýär.

Kazyýet mejlisinde hususy kesgitnamany (karary) yglan etmegiň maksada laýyklygy baradaky mesele kazyýet tarapyndan çözülýär. Ýöne nähili bolanda-da, kazyýet iş boýunça hususy kesgitnama (karar) çykarylandygyny düşündirýär we bu barada kazyýet mejlisiniň teswirnamasyna ýazylýar.

5. Türkmenistanyň JIÝK-nyň 443-nji, 472-nji maddalaryna laýyklykda, kazyýetiň hususy kesgitnamasy (karary) oňa şikaýat we teklipnama getirmegiň möhleti geçensoň, kanuny güýje girýär.

Hususy şikaýat ýa-da teklipnama getirilen halatynda, şeýle kesgitnama (karar) iş ýokardaky kazyýetde seredilen pursatyndan, eger ol sökülmedik bolsa, kanuny güýje girýär.

6. Kazyýetleriň hususy kesgitnamalaryň (kararlaryň) öz wagtynda ýerine ýetirilmegine, jenaýatlaryň we başga kanun bozmalaryň edilmegine ýardam eden sebäpleriň we şertleriň hakykat ýüzünde aradan aýrylmagyna gözegçiligi güýçlendirmegi zerurdyr.

7. Işe nägilelik ýa-da gözegçilik tertibinde sereden kazyýet 1-nji basgançakly kazyýetiň jenaýatyň we başga kanun bozmanyň edilmegine ýardam eden sebäpleri we şertleri ýüze çykarmak barasynda kanunyň talabyny ýerine ýetirmändigini anyklasa, onda Türkmenistanyň JIÝK-nyň 470-nji, 497-nji maddalaryna laýyklykda, degişli kärhanalaryň, edaralaryň, guramalaryň ýolbaşçylarynyň adyna hususy kesgitnama (karar) çykarmak arkaly, ýüze çykarylan kemçilikleri aradan aýyrmak üçin çäreler görýär, mundan başga-da birinji basgançakly kazyýetiň özüniň ýol beren kanun bozmasyna onuň ünsüni çekýär.

8. Hususy kesgitnamalaryň (kararlaryň) hilini we netijeliligini ýokarlandyrmak maksady bilen, kazyýetler şeýle kesgitnamalaryň (kararlaryň) çykarylyş iş tejribesini we olaryň hakykat ýüzünde amala aşyrylyşy baradaky maglumatlary yzygider öwrenmelidirler we umumylaşdyrmalydyrlar.

Şunda şol bir kärhanada, edarada we guramada birmeňzeş jenaýatlaryň yzygider ýa-da gaýtalanyp edilýän ýagdaýlaryna aýratyn üns bermeli, içgin öwrenmeli we ýüze çykarylan kemçilikleri we säwlikleri aradan aýyrmak barada degişli wezipeli adamlara teklipleri girizmeli.

9. Zähmet toparlarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň, arçynlaryň we ýaşulular geňeşleriniň jenaýatlaryň we başga kanun bozmalaryň edilmegine ýardam eden sebäpleri we şertleri aradan aýyrmak işine gös-göni gatnaşmaklaryna kömek edip, olar bilen gatnaşygy giňeltmek we berkleşdirmek üçin goşmaça çäreler görmekligi kazyýetlere teklip etmeli. Şu maksat bilen has wajyp işlere göçme mejlislerde seretmek, seredilen işler barada zähmet toparlaryna habar bermek, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriň mümkinçiliklerinden has doly peýdalanmak ýaly, kazyýetleriň işiniň aýanlygynyň giňelmegini üpjün edýän öňüni alyş çärelerine ünsi güýçlendirmeli.

10. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri jenaýatlaryň we başga kanun bozmalaryň edilmegine ýardam eden sebäpleri we şertleri hökmany ýüze çykarmak barada kanunyň talabynyň ýerine ýetirilişine gözegçiligi güýçlendirmeli.

Hususy kesgitnamalaryň (kararlaryň) hiliniň ýokarlandyrylmagyny, olaryň netijeliligini gazanmaly, bu işde aşakdaky durýan kazyýetlere iş ýüzünde zerur kömegi bermeli.

11. Şu Kararyň kabul edilmegi bilen baglylykda, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumynyň 1999-njy ýylyň 22-nji iýulyndaky “Kanunyň jenaýatlaryň we başga kanun bozmalaryň edilmegine ýardam eden sebäpleri we şertleri ýüze çykarmaklyga hem-de aradan aýyrmaklyga gönükdirilen talaplaryny ýerine ýetirmekde kazyýetleriň ornuny ýokarlandyrmak hakynda” № 9 belgili kararyny güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy B.Çaryýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy Ş.Haýytow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 5

2016-njy ýylyň 27-nji dekabry Aşgabat şäheri

Raýat işlerini kazyýet seljerişine taýýarlamak hakynda

(18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3; 19.07.2025 ý. № 4; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Kanunyň raýat işlerini kazyýet seljerişine taýýarlamak hakyndaky talaplarynyň gyşarnyksyz berjaý edilmegi olary öz wagtynda we dogry çözmegiň esasy şertleriniň biridir.

Türkmenistanyň kazyýetlerinde raýat işlerini kazyýet seljerişine taýýarlamaklygy düzgünleşdirýän kanunçylygy dogry we birmeňzeş ulanmak maksady bilen "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda,Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy

K A R A R E D Ý Ä R :

1. Arza kabul edilenden we raýat işi gozgalandan soň işi kazyýet seljerişine taýýarlamak tapgyrynyň işiň öz wagtynda seredilmegini we dogry çözülmegini üpjün etmekde kazynyň iş ýörediş hereketleri arkaly iş boýunça hakykaty anyklamak üçin zerur bolan subutnamalary talap edip almakda taraplara, işe gatnaşýan beýleki adamlara, olaryň wekillerine ýardam bermegine niýetlenen raýat iş ýöredişiniň hökmany tapgyrydygyna, işleri kazyýet seljerişine taýýarlamagyň degişli ýagdaýda geçirilmezligi kazyýet seljerişiniň gaýra goýulmagyna, süýrenjeňlige, şeýle-de esassyz çözgütleriň çykarylmagyna getirýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Işiň kazyýet seljerişine taýýarlanmagy her bir raýat işi boýunça onuň çylşyrymlylygyna garamazdan, buýruk önümçiliginden başga raýat işleriniň ol ýa-da beýleki görnüşleriniň aýratynlyklaryny nazara almak bilen hökmany geçirilmelidir we kanunda görkezilen möhletde çözülmegi üpjün edilmelidir. Amala aşyrylan hereketler ähli ýagdaýlarda kanuny we esasly çözgüt kabul etmek üçin ýeterlik bolmalydyr.

Kazyýetler kazyýet seljerişine diňe Türkmenistanyň RIÝK-nyň 15-nji babynda göz öňünde tutulan zerur hereketleriň hemmesi ýerine ýetirilenden soň girişmelidirler.

Eger hak isleýiş arzasy Türkmenistanyň RIÝK-nyň 149-njywe 150-nji maddalarynyň talaplaryna laýyk gelmeýän bolsa, onda kazy işi kazyýet seljerişine taýýarlamaklyga girişmäge haksyzdyr we kazy RIÝK-nyň 154-nji maddasyna laýyklykda, hak isleýiş arzasyny hereketsiz galdyrmak barada kesgitnama çykarýar,

bu barada hak isleýjä habar berýär we kemçilikleriň düzedilmegi üçin oňa möhlet berýär.

2. Işleri kazyýet seljerişine taýýarlamaklygyňşu aşakdaky wezipelerden (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 166-njy maddasy) duryandygy ünsden düşürilmeli däldir:

1) işi dogry çözmek üçin ähmiýeti bolan hakyky ýagdaýlary anyklamak;

2) iş çözülende goldanylmaly kanuny kesgitlemek we taraplaryň hukuk gatnaşyklaryny anyklamak;

3) taraplar, işe gatnaşýan beýleki adamlar tarapyndan zerur subutnamalaryň berilmegi;

4) taraplaryň ýaraşmagy;

Işiň dogry çözülmegi üçin ähmiýeti bolan hakyky ýagdaýlary kazyýet tarapyndan kesgitlemek diýip, taraplaryň we işe gatnaşýan beýleki adamlaryň jedelli hukuk gatnaşygynyň häsiýetini we ulanmaga degişli maddy we iş ýörediş hukukkadalaryny nazara almak bilen, taraplaryň talaplaryny we närazylyklaryny esaslandyrýan ýagdaýlary anyklamaklyga düşünmelidir. Taraplar faktlar babatda ýalňyşan ýagdaýynda, kazy ulanmaga degişli maddy hukuk kadalarynyň esasynda, haýsy faktlaryň iş boýunça ähmiýetlidigini we olary subut etmegiň kimiň borjuna girýändigini olara düşündirmelidir.

Işi çözmekde gollanylmaly kanun ýa-da kadalaşdyryjy hukuk nama bellenende we taraplaryň hukuk gatnaşyklary kesgitlenende olaryň: hak isleginiň närsesi, hak islegi babatda jogap berijiniň närazylygy, işi çözmekde ähmiýeti bolan beýleki ýagdaýlar baradaky maglumatlaryň jeminden ugur alynmalydyr. Hak isleýji tarapyndan hak islegini esaslandyrmakda anyk hukuk kadasyna salgylanmagy iş çözülende kazy tarapyndan haýsy kanuna gollanmalydygy baradaky mesele çözülende kesgitleýji bolup durmaýar.

Zerur bolan subutnamalary bermek bilen baglanyşykly wezipeler ýerine ýetirilende, kazy eýýäm taýýarlyk tapgyrynda işi dogry çözmek üçin ähmiýetli ýagdaýlary doly we hemmetaraplaýyn öwrenmek üçin şertleri döretmäge borçludyr. Subutnamalar taraplar we beýleki işe gatnaşýan şahslar tarapyndan getirilip berilýär, ýöne taraplaryň hukuk gatnaşygynyň häsiýetini we jedelli hukuk gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan maddy hukuk kadalaryny nazara almak bilen şeýle edilýär. Kazy ol ýa-da beýleki ýagdaýlary subut etmegiň kimiň borjuna ýüklenýändigini, şeýle hem subutnamalary getirip bermezligiň netijelerini düşündirýär. Şunda kazy taraplaryň haýsy subutnamalar bilen öz garaýyşlaryny tassyklap biljekdiklerini, subutnamalary getirip bermek üçin haýsy kynçylyklaryň bardygyny anyklamalydyr, taraplaryň we beýleki işe gatnaşýan adamlaryň haýyşy boýunça subutnamalary ýygnamakda we talap edip almakda kazyýetiň ýardam berýändigini düşündirmelidir (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 47-nji maddasy).

Taraplaryň, beýleki işe gatnaşýan adamlaryň getirip beren subutnamalary kazy tarapyndan olaryň degişliligi we ýol bererliligi (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 48-49-njy maddalary) boýunça barlanylmalydyr. Kazy ähli ýagdaýlarda hem taraplara bu subutnamalar bilen hut haýsy ýagdaýlaryň tassyklanyp bilinjekdigini görkezmegi teklip etmelidir.Kazyýet berilýän subutnamalardan diňe iş üçin ähmiýeti bolan subutnamalary kabul etmelidir. Kanun boýunça subut etmegiň belli

bir serişdeleri bilen tassyklanylmaly işiň ýagdaýlary subut etmegiň hiç bir başga serişdeleri bilen tassyklanylyp bilinmeli däldir.

Subut etmegiň zerur serişdeleriniň haýsylardygy bildirilen talaplaryň we nägilelikleriň häsiýeti boýunça kesgitlenilýär. Şunda raýat işleriniň her bir görnüşi boýunça aýry-aýry subut ediş serişdeleriniň bolýandygy göz öňünde tutulmalydyr.

Mysal üçin: Işgärleriň sany ýa-da wezipe sanawy gysgaldylanýandygysebäpli işden boşadylan adamy işine dikeltmek hakyndaky işler boýunça:wezipe sanawyndan göçürme (işden boşadylmanka we ondan soň), işgärleriň sanynyň ýa-da wezipe sanawynyň gysgaldylýandygy baradaky resminamalar, Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 50-nji maddasyna laýyklykda, hak isleýjiniň işde galdyrylmagy üçin artykmaç hukuk döredip biljek maglumatlary bar bolan resminamalar, şeýle hem hak isleýjiniň başga işe geçmekden ýüz döndirendigini ýa-da işgäri onuň razylygy bilen başga işe geçirmäge iş berijiniň mümkinçiliginiň ýokdugyny tassyklaýan subutnamalar, işgäriň boşadyljakdygy barada oňa duýduryş berlendigi hakyndaky maglumatlar bolmalydyr.

Resminamalaryň görkezilen sanawy gutarnykly däldir. Başga subutnamalary getirip bermek zerurlygy her bir anyk işiň aýratynlyklaryna baglydyr.

Türkmenistanyň RIÝK-nyň 46-njy maddasyna laýyklykda, her bir tarap subut etmek güzabyny çekýär we özi üçin amatly hukuk kadalaryny ulanmagyň şertleriniň barlygyny kesgitleýär.

Haýsydyr bir hukuk kadasyndan gelip çykýan hukuk netijelere dalaş edýän tarap özüne bu hukugy berýän faktlary, garşydaş tarap bolsa–hukuklaryň döremegine päsgel berýän we bu hukukdan mahrum edýän faktlary esaslandyrmalydyr.

Eger ähli subutnamalar barlanylandan soň, ýuridik ähmiýeti bolan fakty tassyklamagyň (takyklamagyň) dogrulygy näbelli bolup galýan bolsa, onda munuň özi subut etmek güzabyny çekýän tarapyň peýdasyna däldigini kazy düşündirmelidir. Taraplaryň heniz taýýarlyk döwründe işi barlyşyk ylalaşygy bilen tamamlap bilmek mümkinçiliginiň bardygy anyklanylmalydyr.

Bu wezipeleriň doly derejede ýerine ýetirilmegi üçin kazy Türkmenistanyň RIÝK-nyň 171-nji maddasynda göz öňünde tutulan hereketleri amala aşyrmalydyr, ol hereketleriň sanawy bolsa gutarnykly däldir.

3. Işiň ýagdaýlaryny nazara almak bilen işi kazyýet seljerişine taýýarlamagyň tertibinde kazy(Türkmenistanyň RIÝK-nyň 171-nji maddasynyň 1-nji bendi), şol kazyýetiň önümçiliginde şol taraplaryň gatnaşýan birmeňzeş işleriniň, bir hak isleýjiniň dürli jogap berijilere ýa-da dürli hak isleýjileriň şol bir jogap berijä hak isleglerіniň bardygyny-ýokdugyny, şeýle hem hak isleýiş talaplaryny birleşdirmegiň ýa-da bölmegiň maksadalaýyklygynyanyklamalydyr. Şunda kazy önümçiligiň diňe bir görnüşine degişli hak isleýiş talaplarynyň birikdirilmegine ýol berilýändigini ünsden düşürmeli däldir. (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 172-nji maddasy).

Hak isleýiş talaplarynyň bir önümçilige birleşdirilmegine haçan-da talaplaryň häsiýeti, olaryň arabaglanyşygy, umumy subutnamalarynyň bardygy boýunça jedeli has çalt we dogry çözmek mümkinçiliginiň bardygy ýüze çykarylan halatlarynda ýol berilýär.

Talaplary aýry-aýry önümçilige bölmek haçan-da olaryň bölünmegi maksada laýyk bolsa, meselem, işe seretmek ozal birleşdirilen talaplaryň birine ýa-da birnäçesine dahyly bolmadyk adamlary işe gatnaşmaga çekmek ýa-da çagyrmak bilen bagly bolan halatlarynda mümkindir.

4. Işi kazyýet seljerişine taýýarlamagyň tertibindekazy taraplara işi ylalaşyk bilen çözmek artykmaçlygyny; barlyşyk ylalaşygyny tassyklamak barada kesgitnamanyň hem edil çözgüt ýaly hukuk güýje eýedigini we zerur halatda mejbury ýerine ýetirilmäge degişlidigini düşündirmelidir.Şonuň bilen birlikde, barlyşyk ylalaşygynyň şertlerini barlamak we deslapky kazyýet mejlisinde taraplaryň degişli borçlary ýerine ýetirmeklige söz beriji hereketlerini iş ýörediş taýdan berkitmek wajyp ähmiýete eýedir (Türkmenistanyň RIÝK-nyň121-nji we 199-njy maddalary). Barlyşyk ylalaşygynyň şertleri kazyýet mejlisiniň teswirnamasyna girizilýär we iki tarapdan-da gol çekilýär, eger-de barlyşyk ylalaşygy kazyýete berlen arzada beýan edilen bolsa, ol işe goşulmalydyr we teswirnamada görkezilmelidir (Türkmenistanyň IÝK-nyň199-njy maddanyň 1-nji bölegi).

Kazy taraplara barlyşyk ylalaşygyny baglaşmagyň netijelerini düşündirýär, oňa laýyklykda iş boýunça önümçilik bes edilýär we şol bir taraplaryň arasynda şol bir jedel närsesi dogrusynda we şol bir esaslar boýunça ikinji gezek kazyýete ýüz tutmaga ýol berilmeýär (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 259-njy, 260-nji maddalar). Iş boýunça önümçiligi bes etmek barada kesgitnama deslapky kazyýet mejlisinde seredilip, maslahat otagynda çykarylýar. Onda degişli deliller getirilip, barlyşyk ylalaşygynyň şertleri beýan edilmelidir, şeýle hem iş boýunça önümçiligi bes etmegiň netijeleri görkezilmelidir.

Eger kazyýet iş ýöredişi barlyşyk ylalaşygy bilen tamamlansa, döwlet pajy ýarpysyna azalýar(Türkmenistanyň RIÝK-nyň 96-njy madda). Eger barlyşyk ylalaşygy bilen tamamlamak diňe jedeliň närsesiniň bölegine degişli bolsa, onda döwlet pajyny azaltmak hem diňe şol bölege degişlidigi görkezilmelidir.

5. Kazy işiň ýagdaýlaryndan we getirip berlen subutnamalardan bilermeniň netijesiniň zerurdygy görünýän halatlaryň ähli̇sinde (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 171-nji maddasynyň 4-nji bendi) işe gatnaşýan adamlaryň pikirini nazara alyp, işi kazyýet seljerişine taýýarlamak döwründe bilermenleriň seljermesini geçirmek hakyndaky meseläni çözüp, ony geçirmek üçin Türkmenistanyň RIÝK-nyň 73-77-nji maddalarynyň talaplaryny berjaý etmek bilenbilermen seljermesini we bilermeni bellemelidir. Ýüze çykýan ylym, sungat, tehnika ýa-da senetçilik babatda ýörite akyl ýetirmeleri talap edýän meseleleri düşündirmek üçin kazyýet bilermeni, zerurlyk bolan mahalynda bilermenleriň birnäçesini belläp bilýär, şunda eger taraplar bilermen hökmünde anyk adam hakynda ylalaşsalar, onda kazyýet bu ylalaşygy kabul etmelidir. (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 73-nji maddasy). Mundan başga-da, kazyýet iş ýöredişe gatnaşmak üçin hünärmeni, terjimeçini çekmek hakyndaky meseläni hem çözmelidir. Mysal üçin işiň ýagdaýlary boýunça bir adamyň belli bir hereketi amala aşyran pursatyndaky psihiki ýagdaýynyň nähili bolandygyny anyklamak zerur bolan halatynda,şunda onuň psihiki bozulmasy hakynda ýeterlik maglumatlar bolan mahalynda, şeýle hem bilermenler seljermesini bellemek kanun tarapyndan göz öňünde tutulan halatlarynda, ýagny raýatypsihiki

bozulmanyň netijesinde kämillik ukyby ýok diýip ykrar etmek hakyndaky (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 316-njy maddasy) we onuň sagalan ýagdaýynda kämillik ukyply diýip ykrar etmek (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 319-njy maddasy) hakyndaky işler boýunça kazyýet-psihiatriki bilermenleriň seljermesi bellenilmelidir.

Bilermeni bellemek hakynda kazyýet kesgitnama çykarýar we onda çözülmesi kazyýetiň ygtyýarlygyna degişli bolan hukuk meselelerini (meselem, raýatyň ýarawsyzlygynyň häsiýeti hakynda däl-de, onuň ukyplylygy hakyndaky soragyň) bilermenleriň seljermesiniň çözmegi üçin hödürlenmegine ýol berilmeli däldir.

6. Kazyýet şaýatlary kazyýet mejlisine çagyrmak hakyndaky meseläni çözmelidir, mundan başga-da, taraplara we işe gatnaşýan beýleki adamlara işiň dogry çözülmegi üçin zerur bolan goşmaça subutnamalary bermegi olara teklip etmäge haklydyr, şunda ol taraplaryň ýa-da olaryň wekilleriniňözbaşdak alyp bilmeýän subutnamalaryny, olaryň haýyşlary boýunça guramalardan ýa-da raýatlardan kazynyň özi talap etmelidir (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 47-nji, 68-nji we 171-nji maddasynyň 3-nji, 5-nji bentleri).

Şeýle-de, kazyýet Türkmenistanyň RIÝK-nyň 172^{1}-nji maddasynyň düzgünlerinden ugur alyp, kazyýetlerde sanly wideoaragatnaşygy amala aşyrmak üçin tehniki mümkinçilikler bolan halatynda, taraplary, şaýatlary we beýleki iş ýöredişe gatnaşyjylary sanly wideoaragatnaşyk ulamyny peýdalanmak arkaly kazyýet mejlisine gatnaşdyrmak baradaky meseläni hem çözüp biler.

7. Soňa goýup bolmajak halatlarda işe gatnaşýan adamlara habar bermek bilen ýazmaça we maddy subutnamalaryýerinde gözden geçirmek baradaky hereketleriň, işi kazyýet seljerişine taýýarlamak döwründe Türkmenistanyň RIÝK-nyň 171-nji maddasynyň 6-njy bendine laýyklykda amala aşyrylyp bilinýändigini kazyýetler ünsden düşürmeli däldirler.

8. Türkmenistanyň RIÝK-nyň 171-nji maddasynyň 7-nji bendine laýyklykda, beýleki kazyýetlere kazyýet tabşyryklary iberilendeşu aşakdakylar göz öňünde tutulmalydyr:

a) kazyýet tabşyrygyny bermek hukugy işe degişli subutnamalary toplamagyň adatdan daşary usuly bolup, ol diňe şol subutnamalar haýsydyr bir sebäbe görä, işe seredýän kazyýete getirilip bilinmejek halatlarynda ulanylyp bilner;

b) Türkmenistanyň RIÝK-nyň 52-nji maddasynyň düzgünlerine laýyklykda, diňe belli bir iş ýörediş hereketleri geçirmek, taraplary we üçünjitaraplary soramak, şaýatlary sorag etmek, ýazmaça we maddy subutnamalary gözden geçirmek we barlamak tabşyrylyp bilner.

Eger-de degişli iş ýörediş hereketler başga şäherde ýa-da etrapda geçirilmeli bolsa, onda kazy Türkmenistanyň RIÝK-nyň 56-njy maddasynda bellenilen tertipde, subutnamalary üpjün etmek boýunça iş ýörediş hereketlerini geçirmek barada tabşyryp biler;

ç) taraplaryň getirip biljek ýa-da olaryň haýyşy boýunça işe seredýän kazyýetiň özüniň talap edip biljek ýazmaça we maddy subutnamalary kazyýet tabşyrygy tertibinde toplanylmaly däldir;

d) kazyýet tabşyrygy Türkmenistanyň RIÝK-nyň 52-nji maddasyna laýyklykda, kazynyň çykaran kesgitnamasy görnüşinde iberilýär, bu kesgitnama özüne iberilen kazyýet üçin hökmanydyr we onuň alnan pursatyndan on güne çenli möhletde ýerine ýetirilmelidir. Kazyýet tabşyryklarynyň ýönekeý hat, haýyş haty we resmi hat görnüşlerinde iberilmegine ýol berilmeli däldir.

9. Türkmenistanyň RIÝK-nyň 157-nji maddasynyňeger hak islegini üpjün etmek boýunça çäreleriň görülmezligi kazyýetiň çözgüdiniň ýerine ýetirilmegini kynlaşdyryp biljek ýa-da muňa mümkinçilik bermejek bolsa, işe seretmegiň islendik tapgyrynda hak islegini üpjün etmägeýol berýändigi sebäpli, kazyýet seljerişine taýýarlyk döwründe hem hak islegini üpjün etmeklige ýol berilýändigini kazy göz öňünde tutmalydyr.Hak islegini üpjün etmek hakyndaky arza jogap berijä, işe gatnaşýan beýleki adamlara habar bermezden seredilmelidir we bu barada karar kazyýet mejlisini geçirmezden we jogap berijä arzanyň gowşurylmagyna çenli hem kabul edilip bilinýändigine kazylaryň ünsi çekilmelidir (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 161-nji maddasy). Hak islegini üpjün etmek boýunça çäreler hak isleýji tarapyndan bildirilen talaba deň ölçegde bolmalydyr.

10. Kazyişi kazyýet seljerişine taýýarlanda deslapky kazyýet mejlisini geçirmäge haklydyr. Ol her bir raýat işi boýunça bellenilmän, diňe Türkmenistanyň RIÝK-nyň173-nji maddasynyň 2-nji böleginde görkezilen ýagdaýlarda: eger taraplar bilen aýdyňlaşdyrylmagy talap edilýän köp sanly meseleleri ara alyp maslahatlaşmak zerur bolsa; eger taraplaryň giňişleýin düşündirişlerini teswirnama girizmeli diýlip çak edilýän bolsa; eger işleri mundan beýläk taýýarlamak üçin taraplara giňişleýin düşündirişler berilmeli bolsa bellenilýär. Deslapky kazyýet mejlisini geçirmek barada meseläni çözende kazy taraplara onuň geçiriljek wagty we ýeri barada habar berýär. Çakylygy gowşurmak bilen deslapky kazyýet mejlisiniň aralygyndaky möhlet ýedi günden az bolmaly däldir. Ýöne ol üç güne çenli gysgaldylyp hem bilner.Deslapky kazyýet mejlisinde Türkmenistanyň RIÝK-nyň 254-nji, 255-nji, 259-njy, 261-nji maddalarynda görkezilen ýagdaýlarda iş boýunça önümçilik togtadylyp ýa-da bes edilip, arza bolsa seredilmän galdyrylyp bilner. Bu barada kesgitnama çykarylýar (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 173-nji maddasynyň 5-nji bölegi). Eger Türkmenistanyň RIÝK-nyň 259-njy maddasynyň 3-nji bendi esasynda iş boýunça önümçilik bes edilýän bolsa, onda hak isleýjiniň jogap berijiniň razylygy bolmazdan kazyýet mejlisine çenli hak isleginden ýüz döndermäge haklydygyny, hak isleýjiniň hak isleginden soňraky ýüz döndermegi diňe jogap berijiniň razylygy bilen ýol bererlidigine kazylaryň ünsüni çekmeli (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 121-nji maddasynyň 2-nji bölegi).

11. Işleri kazyýet seljerişine taýýarlamak üçin Türkmenistanyň RIÝK-nyň 167-nji maddasynyň 1-nji böleginde bellenen ýigrimi gün möhleti berk berjaý etmekligiň möhümdigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Bu möhlet diňe Türkmenistanyň RIÝK-nyň 167-nji maddasynyň 2-nji böleginde laýyklykda aýratyn halatlarda alimentleri tutup almak we ekläp-saklamak hakyndaky, saglyga şikes ýetirilmegi ýa-da saglygyna başga zeper ýetirilmegi, şeýle hem ekleýjisiniň ýitirilmegi sebäpli ýetirilen zeleliň öwezini dolmak hakyndaky we zähmet hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan talaplar boýunça işlerden başga aýratyn çylşyrymly işler boýunça bu möhlet kazynyň esaslandyrylan

kesgitnamasy boýunça bir aýa çenli uzaldylyp bilner (meselem, işe seredýän kazyýetiň hereket edýän etrabynyň çäginiň daşyndaýaşaýan raýatlardan we ýerleşýän edaralardan maglumatlaryň talap edilip alynmagyny talap edýän işler boýunça).

12. Türkmenistanyň RIÝK-nyň 168-nji maddasyna laýyklykda, arza kabul edilenden soň, kazy işi kazyýet seljerişine taýýarlamak hakynda kesgitnama çykarmalydyr we kesgitnamada taraplaryň, işe gatnaşýan beýleki adamlaryň amala aşyrmaly hereketlerini we işe dogry we öz wagtynda seredilmegini we çözülmegini üpjün etmek üçin bu hereketleri amala aşyrmagyň möhletlerini görkezmelidir, işi kazyýet seljerişine taýýarlamak hakyndaky kesgitnamanyň nusgasy taraplara gowşurylmalydyr.

Ozalky kazyýet çözgüdi sökülip, täzeden seretmeklige iberilen işleri kazyýet seljerişine taýýarlamak boýunça goşmaça hereketler geçirmek zerurlygy ýüze çykanda hem şeýle kesgitnama çykarylmalydyr.

13. Kazyýet Türkmenistanyň RIÝK-nyň 169-njy maddasyna laýyklykda, hak isleýiş arzasynyň we oňa goşulan resminamalaryň nusgalary jogap berijä iberilmelidir ýa-da gowşurylmalydyr. Şeýle hem kazy öz bellän möhletinde jogap berijini hak isleýiş arzasyna seslenmäni (närazylygy) we ony esaslandyrýan subutnamalary bermäge borçly etmelidir. Seslenmäni (närazylygy) bermegiň tertibi we onuň mazmuny Türkmenistanyň RIÝK-nyň 170-nji maddasyna laýyklykda berjaý edilmelidir. Oňa laýyklykda, hak isleýiş arzasyna seslenme (närazylyk) ony tassyklaýan resminamalary we seslenmäniň hem-de oňa goşulýan resminamalaryň nusgalarynyň hak isleýjä we işe gatnaşýan beýleki adamlara iberilenligini tassyklaýan resminamalary goşmak bilen jogap beriji tarapyndan kazyýete berilýär, seslenmäniň (närazylygyň) nusgalary bolsa kazyýet mejlisiniň başlanmagyna çenli onuň bilen tanyşmak üçin bellenilen möhletde işe gatnaşýan adamlara berilýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Hak isleýiş arzasyna ýazmaça seslenmäni (närazylygy) işe gatnaşýan beýleki adamlar hem bermäge haklydyr.

Seslenmede (närazylykda) hak isleýjiniň ady, onuň ýaşaýan ýeri ýa-da ýerleşýän ýeri, jogap berijiniň ady, onuň ýerleşýän ýeri; eger jogap beriji raýat bolsa, onda onuň ýaşaýan ýeri, närazylyklary esaslandyrýan subutnamalara salgylanmak bilen bildirilen talaplaryň düýp manysy boýunça närazylyklar we seslenmä (närazylyga) goşulýan resminamalaryň sanawy, şeýle hem, işe dogry we öz wagtynda seretmek üçin zerur bolan telefonlaryň, fakslaryň belgileri, elektron poçtanyň salgylary we beýleki maglumatlar görkezilmelidir.

Seslenmä (närazylyga) jogap beriji ýa-da onuň wekili tarapyndan gol çekilýär. Wekil tarapyndan gol çekilen seslenmä (närazylyga) ynanç haty ýa-da onuň ygtyýarlylygyny tassyklaýan beýleki resminama goşulýar.

Jogap berijiniň hak isleýiş arzasynyň nusgasynyň özüne gowşurylan pursadyndan ilkibaşdaky hak islegi bilen bilelikde seretmek üçin garşylyklaýyn hak islegini hak isleýjä bildirmäge haklydygyna kazylaryň ünsüni çekmeli. Garşylyklaýyn hak islegini bildirmek hak islegi hakynda umumy kadalar boýunça geçirilýär (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 155-nji maddasy).

14. Raýat kazyýet önümçiligine gatnaşyjylaryň sanawy Türkmenistanyň RIÝK-nyň 116-njy maddasynda görkezilendigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli. Ol ýa-da beýleki şahslaryň anyk iş boýunça iş ýöredişe gatnaşmak mümkinçiligi jedelli hukuk gatnaşygynyň häsiýeti we maddy-hukuk bähbidiň barlygy bilen anyklanýar. Işe gatnaşýan adamlaryň diňe işlere kazyýet mejlisindeseredilýän mahalynda däl-de, eýsem işleriň kazyýet seljerişine taýýarlanylýan döwründe-de iş ýörediş hukuklardan peýdalanýandyklary weözlerine degişli ähli iş ýörediş hukuklaryndan päk ýürekli peýdalanmaga borçludyklary sebäpli,kazy işiň öz wagtynda we dogry çözülmegini üpjün etmek maksady bilen kazynyň işe gatnaşyjylara olaryň Türkmenistanyň RIÝK-nyň 117-nji maddasynda göz öňünde tutulan hukuklaryny we borçlaryny düşündirmegi hökmanydyr.

15. Türkmenistanyň RIÝK-nyň 125-nji, 129-njy we 130-njy maddalaryna laýyklykda, iş kazyýet seljerişine taýýarlananda taraplardan ýa-da olaryň wekillerinden başga beýleki işe gatnaşýanlar hem, hususan-da, jedel närsesi babatda özbaşdak talaplary bildirmeýän üçünji taraplar taraplaryň iş ýörediş hukuklaryndan peýdalanýarlar we iş ýörediş borçlaryny çekýärler; öz adyndan başga biriniň hukuklaryny we kanuny bähbitleriniň goragyna berlen hak islegleri (arzalar) boýunça işlerde bolsa, prokuror, ýerine ýetiriji häkimiýetiň edaralary barlyşyk ylalaşygyny baglaşmaga bolan hukugyndan başga hak isleýjiniň ähli iş ýörediş hukuklaryndan peýdalanýarlar we ähli iş ýörediş borçlaryny çekýärler. Şol sebäpli hem iş kazyýet seljerişine taýýarlananda kazy bu gatnaşyjylara hem hukuklaryny we borçlaryny düşündirmelidir.

Işe birnäçe hak isleýjileriň ýa-da jogap berijileriň gatnaşmagy baradaky Türkmenistanyň RIÝK-nyň 122-nji maddasyna laýyklykda, degişli däljogap berijini çalşyrmak bolsa birinji basgançakly kazyýetde işe taýýarlyk görlende hem, eger hak isleginiň hak islegi boýunça jogap berilmeli şahsa bildirilmänligi anyklanylan mahalynda, hak isleýjiniň haýyşnamasy boýunça, işi bes etmezden degişli däl jogap berijiniň degişli jogap beriji bilen çalşyrylmagyna ýol berilýändigine, degişli däl jogap beriji çalşyrylandan soň işe taýýarlyk görmegiň başdan başlap geçirilýändigine, eger hak isleýji degişli däl jogap berijiniň başga şahs bilen çalşyrylmagyna razy bolmasa, onda kazyýetiň işe bildirilen hak isleg boýunça seredýändigine kazylaryň ünsüni çekmeli (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 123-nji maddasy).

Kazy jedeliň närsesibabatda özbaşdak talap bildirýän üçünji taraplar hak islegini taraplaryň birine ýa-da ikisine bildirmek arkaly birinji basgançakly kazyýet tarapyndan kazyýet kararynyň kabul edilmegine çenli işe girişip bilýändigine, üçünji tarap işe girişende işe taýýarlyk görmegiň başdan başlap geçirilýändigine kazylaryň ünsüni çekmeli (TürkmenistanyňRIÝK-nyň 124-nji maddasy),şeýle hem Türkmenistanyň RIÝK-nyň 117-nji maddasynda göz öňünde tutulan hukuklaryny we borçlaryny olaradüşündirmelidir.

16. Işler kazyýet seljerişine taýýarlanylanda, kazy işe gatnaşýan adamlara olaryň bu işi wekilleriň üsti bilen ýöretmäge haklydyklaryny, wekilleriň ygtyýarlygyny kadalaşdyrmagyň tertibini düşündirýär, eger şeýle ygtyýarlar kadalaşdyrylan bolsa, onda wekiliň Türkmenistanyň RIÝK-nyň 134-nji maddasynda göz öňünde tutulan hereketleri (hak isleg arzasyna gol çekmek, ony

kazyýete bermek, jedeli bitaraplar kazyýetiniň seretmegine bermek, garşylyklaýyn hak islegini bildirmek, hak isleýiş talaplaryndan doly ýa-da bölekleýin ýüz döndermek, olaryň möçberini azaltmak, hak islegini ykrar etmek, hak isleginiň närsesini we esaslaryny üýtgetmek, barlyşyk ylalaşygyny baglaşmak, başga adama ygtyýarlyklary bermek (gaýtadan ynanmak), kazyýet kararyna şikaýat etmek) amala aşyrmaga bolan hukugynyň ynanç hatynda ýörite kesgitlenilmelidigini, sebäbi munuň wekilçiligi edilýäniň maddy we iş ýörediş hukuklarynyň onuň ygtyýaryna geçmegi bilen baglydygyny göz öňünde tutup, oňa berlen ygtyýarlaryň çäklerini barlaýar. Mundan başga-da, adwokatyň ygtyýarlyklarynyň order, ygtyýarnama esasynda hukuk kömegini berýän şahslaryň ygtyýarlyklary hukuk kömegini bermek hakyndaky şertnama we ygtyýarnamanyň nusgasy bilen tassyklanylýandygyna hem kazylaryň ünsüni çekmeli.

Kämillik ukyby bolmadyk raýatlaryň, doly kämillik ukyby bolmadyk ýa-da kämillik ukyby çäklendirilen diýlip ykrar edilen adamlaryň hukuklaryny, azatlyklaryny we kanun bilen goralýan bähbitlerine täsir edýän işler boýunça raýaty kämillik ukuby ýok ýa-da kämillik ukuby çäklendirilen diýip ykrar etmek baradaky kazyýet çözgüdiniň bardygy-ýokdugy, şeýle hem olaryň hossarlarynyň we howandarlarynyň ygtyýarlary barlanylmalydyr (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 136-njy maddasy).

17. Türkmenistanyň RIÝK-nyň 174-nji maddasyna laýyklykda, kazy işi taýýarlanan diýiphasap edip, ony kazyýet seljerişine bellemek barada kesgitnama çykarýar. Şonuň bilen birlikde, kazy taraplara we işe gatnaşýan şahslara işiň serediljek wagty we ýeri barada habar bermäge, şeýle hemiş ýöredişiň beýleki gatnaşyjylarynyçagyrmaga borçludyr. Kazyýet iş önümçiligine gatnaşyjylara, eger-de taraplar şeýle usul bilen habar berilmegine razy bolsalar, SMS habarynyň üsti bilen hem habar bermäge rugsat edilýär. Bu razylyk barada soňundan dil haty alynmalydyr, onda şol gatnaşyja degişli umumy maglumatlar bilen birlikde onuň el telefon belgisi görkezilýär.

18. Işi kazyýet seljerişine taýýarlamak barada kesgitnama we taýýarlyk döwründe çykarylan beýleki kesgitnamalar, hususan-da, subutnamalary ýerinde gözden geçirmek, kazyýet tabşyryklaryny ibermek hakyndaky kesgitnamalar nägilelik tertipde şikaýat edilmäge weteklipnama getirilmäge degişli däldir, çünki iş boýunça önümçiligi togtatmak, bes etmek we arzany seretmän galdyrmak baradaky kesgitnamalardan başgasy işiň gidişine päsgel bermeýär.

19. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň raýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri raýat işlerini kazyýet seljerişine taýýarlamagyň tertibini kesgitleýän iş ýöredişi kanunçylygynyň kadalarynyň talaplarynyň aşakdaky kazyýetler tarapyndan berjaý edilişine kazyýet gözegçiligini güýçlendirmelidirler we ýüze çykarylan kemçilikleri aradan aýyrmak üçin degişli çäreleri görmelidirler.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy B.Çaryýew
Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy Ş.Haýytow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 6

2016-njy ýylyň 27-nji dekabry Aşgabat şäheri

Birinji basgançakly kazyýetde raýat işlerine seredilende iş ýörediş kanunçylygynyň ulanylyşy hakynda

(18.12.2021 ý. № 12; 18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3; 19.10.2024 ý. № 9; 19.07.2025 ý. № 4; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen)

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe raýat kazyýet önümçiligi hakynda kanunçylygynyň kämilleşdirilmegi netijesinde Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň kabul edilmegi bilen baglylykda, şeýle hem kazyýetler tarapyndan raýat işlere seredilende kanunçylygyň dogry ulanylmagyny üpjün etmek maksadyna eýerip, "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy

K A R A R E D Ý Ä R :

1. Birinji basgançakly kazyýet boýunça raýat iş ýörediş kanunçylygynyň kadalarynyň berk berjaý edilmeginiň zerurdygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Raýat kazyýet önümçiliginiň wezipeleri eýeçiligi gorap saklamakdan, Türkmenistanyň Konstitusiýasy we kanunlary tarapyndan kepillendirilen raýatlaryň bozulan ýa-da jedelleşilýän durmuş-ykdysady, syýasy, şahsy hukuklaryny we azatlyklaryny hem-de fiziki we ýuridik şahslaryň kanun arkaly goralýan bähbitlerini goramak maksady bilen raýat işlerine dogry we öz wagtynda seretmekden we çözmekden ybaratdyr.

Işler çözülende kazyýet tarapyndan kanunyň bozulmagy ýol berilmesizdir we ol taraplaryň ýa-da taraplaryň biriniň arzalary boýunça bikanun kazyýet kararlarynyň sökülmegine eltýär. Oňa görä-de, kazyýetler her bir iş boýunça kanuny we esasly çözgüdiň çykarylmagyny üpjün edip, işe seredilişiniň hilini gowulandyrmalydyrlar, kazyýet mejlisleriniň alnyp barlyşynyň medeniýetini hem ýokarlandyrmalydyrlar.

Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 7-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, kazyýet raýat kazyýet önümçiligi tertibinde işleri çözende Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň, Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň talaplaryny takyk berjaý etmäge borçludygyny kazyýetlere düşündirmeli.

2. Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 9-njy maddasyna laýyklykda, her bir adam bozulan ýa-da jedelleşilýän konstitusion hukuklarynyň, azatlyklarynyň ýa-da kanun bilen goralýan bähbitleriniň goragy üçin bu Kodeksde bellenilen tertipde kazyýete ýüz tutmaga haklydyr. Ýerine ýetiriji häkimiýetiň edaralary kanunda göz öňünde tutulan halatlarda beýleki adamlaryň hukuklaryny we kanun bilen goralýan bähbitleriniň goragy hakynda arza bilen kazyýete ýüz tutmak hukugyna eýedirler.

Prokuror raýatlaryň hukuklaryny (kämillik ukyby bolmadyklaryň, kämillik ukyby çäklendirilenleriň ýa-da kämillik ukyby bolanlaryň, ýöne fiziki ýagdaýyna görä (garrylygy, keselliligi boýunça we ş.m.) öz hukuklaryny özbaşdak amala aşyrmaga we öz borçlaryny ýerine ýetirmäge ukypsyzlaryň), jemgyýetçilik we döwlet bähbitlerini goramak üçin öz üstüne ýüklenen borçlary amala aşyrmak maksady bilen hak islegi (arza) bilen kazyýete ýüz tutmaga haklydyr.

Kazy diňe kanunda göz öňünde tutulan halatlarda raýat işi boýunça arzany kabul etmekden ýüz dönderip biler (Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 153-nji maddasy).

Arzany kabul etmekden ýüz döndermek hakynda kazy kesgitnama çykarýar.

Hak isleýiş arzasyny kabul etmekden ýüz döndermek hakynda kazynyň kesgitnamasyna hususy şikaýat berlip ýa-da bu Kodeksiň 9-njy maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, eger prokuror raýatlaryň hukuklaryny, jemgyýetçilik we döwlet bähbitlerini goramak üçin öz üstüne ýüklenen borçlary amala aşyrmak maksady bilen hak islegi (arza) bilen kazyýete ýüz tutan bolsa, onda hususy teklipnama getirilip bilner.

3. Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 154-nji maddasynda görkezilen arzany hereketsiz galdyrmaklygyň esaslarynyň sanawynyň gutarnyklydygyny kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar. Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 154-nji maddasynda görkezilen düzgün diňe bir hak isleýiş arzalaryna degişli bolman, aýratyn iş ýöretmek tertibinde seredilýän arzalara hem-de administratiw hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan arza-şikaýatlara hem degişlidir.

Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 154-nji maddasynyň 4-nji bölegine laýyklykda, hak isleýiş arzany hereketsiz galdyrmak hakynda kazyýetiň kesgitnamasyna hususy şikaýat berlip ýa-da bu Kodeksiň 9-njy maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, eger prokuror raýatlaryň hukuklaryny, jemgyýetçilik we döwlet bähbitlerini goramak üçin öz üstüne ýüklenen borçlary amala aşyrmak maksady bilen hak islegi (arza) bilen kazyýete ýüz tutan bolsa, onda hususy teklipnama getirilip bilner.

Ýöne Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 381-nji maddasyna laýyklykda, haçan-da, kazyýetiň kesgitnamasy işiň mundan beýläk hereket etmek mümkinçiligine päsgel berýän halatlarynda, oňa şikaýat edilip ýa-da teklipnama getirilip bilinýändigine kazylaryň ünsi çekilmäge degişlidir.

4. Kazyýetler Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 155-nji we 156-njy maddalarynda göz öňünde tutulan garşylyklaýyn hak islegini bildirmekligiň tertibini we ony kabul etmekligiň şertlerini doly berjaý etmelidirler, şunda deslapky kazyýet mejlisi gutarandan soň garşylyklaýyn hak islegini bildirmäge diňe, eger hak

isleýjiniň razy bolan ýa-da kazyýet ony maksada laýyk diýip hasap eden mahalynda ýol berilýändigi nazara alynmalydyr.

5. Türkmenistanyň Raýat iş ýöredişi kodeksiniň 16-njy maddasyna laýyklykda, öz hukugynyň ýa-da kanun bilen goralýan bähbidiniň goralmagy üçin ýüz tutýan şahsyň bu Kodeksiň 9-njy maddasynyň 2-nji böleginde görkezilen halatlarda - prokuroryň, haçan-da kanun boýunça beýleki adamlaryň hukuklarynyň we bähbitleriniň goralmagy üçin kazyýete ýüz tutup bilýän halatlarynda - ýerine ýetiriji häkimiýetiň edaralarynyň arzalary boýunça raýat işleri gozgalýar. Kazyýete hak isleýiş arzasynyň gelip gowşan gününden başlap üç günüň dowamynda kazynyň ony kazyýetiň önümçiligine kabul etmek hakyndaky meselä seretmäge borçludygyny, arzanyň kazyýetiň önümçiligine kabul edilendigi hakynda kesgitnama çykarmalydygyny, onuň esasynda birinji basgançakly kazyýetde raýat işi gozgalýandygyny, ýöne hak isleýiş arzasyny (arzany, şikaýaty) kazyýetiň önümçiligine kabul etmek hakyndaky kesgitnamanyň esaslandyrmany talap etmeýändigini, onuň taraplara gowşurylmaýandygyny we şikaýat edilmäge degişli däldigini kazylara düşündirmeli (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 151-nji maddasy).

Türkmenistanyň RIÝK-nyň 151-nji maddasynda göz öňünde tutulan, hak isleýiş arzasy kazyýetiň önümçiligine kabul edilende arzanyň kabul edilendigi hakynda kazynyň üç günüň dowamynda kesgitnama çykarmalydygy baradaky talabynyň diňe hak isleýiş we aýratyn önümçilikler boýunça işlere, şeýle hem administratiw hukuk gatnaşyklardan gelip çykýan işlere degişli bolup, buýruk önümçiligi boýunça seredilmeli arzalara degişli däldigini kazyýetlere düşündirmeli, çünki ýokarda agzalyp geçilen Kodeksiň 142-nji we 144-nji maddalaryna laýyklykda, buýruk önümçiliginde kaza üç güniň dowamynda iki görnüşli kesgitnama çykarmaklyga ygtyýarlyk berilýär, olaryň birisi arzany kabul etmekden ýüz döndermek hakynda, beýlekisi bolsa kazyýet buýrugy hakynda kesgitnamadyr.

6. Türkmenistanyň Raýat iş ýöredişi kodeksiniň 166-njy maddasyna laýyklykda, arza kabul edilenden we raýat işi gozgalandan soň kazy işi kazyýet seljerişine taýýarlamagy alyp barýar.

Bu bolsa işiň öz wagtynda we dogry çözülmegine ýardam berýän esasy şertleriň biridir. Işleri kazyýet seljerişine taýýarlamak şol ýa-da başga görnüşli işleriň aýratynlyklaryna, her biriniň anyk häsiýetine we çylşyrymlylygyna görä geçirilmelidir.

Türkmenistanyň Raýat iş ýöredişi kodeksiniň 167-nji maddasynyň 1-nji böleginiň talabyna görä, raýat işlerini kazyýet seljerişine taýýarlamak esasy kazyýet mejlisiniň bellenilmegine çenli, ýöne eger Türkmenistanyň kanunçylygynda başgaça bellenilmedik bolsa, arzanyň kabul edilen gününden ýigrimi gün möhletden gijä galman geçirilmelidir.

Türkmenistanyň Raýat iş ýöredişi kodeksiniň 167-nji maddasynyň 2-nji böleginde sanalyp geçilen işlerden başga aýratyn çylşyrymly işler boýunça bu möhlet kazynyň esaslandyrylan kesgitnamasy boýunça bir aýa çenli uzaldylyp bilner.

Şunda işleri kazyýet seljerişine taýýarlamaklygyň buýruk önümçiliginde seredilmeli arzalardan başga her bir raýat işi boýunça hökmany bolup duryandygy

we taraplaryň, işe gatnaşýan beýleki adamlaryň, olaryň wekilleriniň gatnaşmagynda geçirilýändigi barada kanunyň talaby gyşarnyksyz berjaý edilmelidir.

Arza kabul edilenden soň, kazy işi kazyýet seljerişine taýýarlamak hakynda kesgitnama çykarýar we taraplaryň, işe gatnaşýan beýleki adamlaryň amala aşyrmaly hereketlerini we işe dogry we öz wagtynda seredilmegini we çözülmegini üpjün etmek üçin bu hereketleri amala aşyrmagyň möhletlerini görkezýär. Işi kazyýet seljerişine taýýarlamak hakyndaky kesgitnamanyň nusgasy taraplara gowşurylýar.

Işi kazyýet seljerişine taýýarlamak bilen baglanyşykly Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 169-172-nji maddalarynda görkezilen talaplaryň hem pugta berjaý edilmelidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Şonda kazylaryň nikany bozmak hakyndaky işler boýunça söhbetdeşlik geçirilmelidigine hem-de nikany bozmagyň sebäplerini aýdyňlaşdyrmalydygyna we taraplaryň ýaraşmagy üçin her bir işiň aýratynlyklaryny göz öňünde tutup, zerur çäreleri geçirmelidigine (Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 171-nji maddasynyň 2-nji böleginiň 2^1-nji bendi) aýratyn üns berilmelidirler.

Kazyýet eger-de bu maksada laýyk bolsa, Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 173-nji maddasynda göz öňünde tutulan ýagdaýlar bar mahalynda deslapky kazyýet mejlisini belläp biler.

Sanly wideoaragatnaşyk ulgamyny peýdalanmak arkaly iş ýöredişine gatnaşmak işine örän ünsli garalmagyna (Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 172^1-nji maddasy), şol hereketleriň raýat iş ýörediş kanunynyň düzgünlerine berk laýyk gelmelidigine we geçirilýän çäreleriň, şol sanda kazyýet mejlisinde işe gatnaşýan adamlaryň düşündirişleriniň doly hem dogry bolmalydygyna hem-de ýoýulmalara ýol berilmeli däldigine, subutnamalary barlamagyň tertibiniň yzygiderliliginiň saklanylmagyna, oňa taraplaryň gatnaşmaklarynyň doly üpjün edilmelidigine hem-de hiç bir çäklendirmelere ýol berilmesizdigine, kanunyň düzgünlerine laýyklykda şaýatlaryň görnetin ýalan görkezme ýa-da bilermenleriň görnetin ýalan netijenama bermezlikleri hakynda jogapkärçilik barada duýdurylyp, dil hatynyň alynmalydygyna we onuň wideoaragatnaşyk arkaly görkezilmegi bilen hemmelere aýan bolmalydygyna, jemläp aýdanymyzda, işiň doly hem dogry seredilmeginiň üpjün edilmelidigine üns berilmelidir.

7. Kazyýetlere degişli raýat işlerine etrap we etrap hukukly şäher kazyýetleri tarapyndan seredilýär.

Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 9-njy maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda, hiç kime öz razylygy bolmazdan, onuň üçin kanunda göz öňünde tutulan kazyýete degişliligi üýtgedilip bilinmez. Taraplaryň razylygy bolmazdan ýokarda durýan kazyýetiň aşakda durýan kazyýetiň önümçiliginden işi almaga we ony öz önümçiligine kabul etmäge haky ýokdur.

Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti, muňa taraplaryň razylygy bar bolanda, aşakda durýan kazyýetlerden islendik raýat işini almaga we ony birinji basgançakly kazyýet hökmünde öz önümçiligine kabul etmäge haklydyr (Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 37-nji maddasynyň 2-nji bölegi).

Kazyýete degişliligi hakyndaky düzgünleri berjaý etmek bilen kazyýet tarapyndan öz önümçiligine kabul edilen iş, ol soňra başga kazyýete degişli bolan hem bolsa, şol kazyýet tarapyndan düýp manysy boýunça çözülmelidir.

Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 43-nji maddasynyň 2-nji böleginde göz öňünde tutulan ýagdaýlarda kazyýet işi başga kazyýetiň seretmegine iberip biler.

Kazy ýa-da kazyýet gelip gowşan raýat işiniň bu kazyýete degişli däldigini anyklap, öz kesgitnamasy bilen ony kazyýete degişliligi boýunça iberýär. Eger kazyýetleriň birnäçesi ygtyýarly bolsalar, onda iş hak isleýji tarapyndan saýlanan kazyýete berilýär.

Azatlykdan mahrum edilen ýa-da ýörite dikeldiş merkezinde saklanýan adama bildirilen hak isleýiş arza işiň kazyýete degişliligi barada umumy kadalar berjaý edilip seredilýär.

Eger-de şolar ýaly adama hak isleýiş arza Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 38-nji maddasyna laýyklykda bildirilýän bolsa, onda onuň azatlykdan mahrum edilmezinden, ýörite dikeldiş merkezine iberilmezinden ozal ýaşaýan ýerinden ugur alynmalydyr. Şeýle ýagdaýda jogap berijä hak isleýiş arzanyň nusgasy iberilýär we oňa jedeliň düýp manysy boýunça ýazmaça düşündiriş bermeklik teklip edilýär, işiň çylşyrymlylygyna we häsiýetine baglylykda bolsa jogap berijä hak isleýiş arzanyň ýany bilen hak isleýjiniň getiren resminamalarynyň nusgasy iberilýär.

Nika gatnaşyklaryndan gelip çykýan hak islegleri är-aýalyň bilelikde ýaşaýan ýeri boýunça bildirilip bilýändigi, eger hak islegi gozgalanda şeýle bilelikde ýaşaýan ýeri bolmasa, onda iş diňe jogap berijiniň ýaşaýan ýeriniň çägindäki kazyýete degişlidigi ýa-da eger ol ýurtda bolmasa - hak isleýjiniň ýaşaýan ýeri boýunça kazyýete degişlidigi nazara alynmalydyr (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 38-nji maddasynyň 3-nji bölegi).

8. Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 40-njy maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, jaýa, şol sanda ýaşalýan we ýaşalmaýan jaýlara, gurluşlara, desgalara, ýer bilen ymykly baglanyşykly beýleki obýektlere (gozgalmaýan emläk) bolan hukuk hakyndaky, şeýle hem emlägi gozgamasyz etmekden boşatmak hakyndaky, ýer böleginden peýdalanmagyň tertibini bellemek hakyndaky hak islegleri emlägiň ýa-da ýer böleginiň ýerleşýän ýeri boýunça kazyýete degişlidir.

9. Hak islegini üpjün etmek baradaky Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 159-njy maddasynda göz öňünde tutulan çäreler, eger bu çäreleriň görülmezligi kazyýet çözgüdiniň ýerine ýetirilmegini kynlaşdyryp biljek ýa-da muňa mümkinçilik bermejek bolsa, işe seretmegiň islendik tapgyrynda ýol berilýändigine kazylaryň ünsüni çekmeli. Kazyýet tarapyndan hak islegini üpjün etmegiň birnäçe görnüşlerine ýol berlip bilner, ýöne olaryň umumy pul möçberi hak isleginiň bahasyndan ýokary geçmeli däldir.

Emläk talap etmek, emlägi paýlaşmak, ýetirilen maddy zyýanyň öwezini doldurmak ýaly işler boýunça bu çäreleri görmeklige kazyýetler ünsi güýçlendirmelidirler.

10. Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 131-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, raýatlar kazyýetde öz işlerini özi ýa-da wekilleriniň üsti bilen

alyp baryp bilerler. Raýatyň işe özüniň gatnaşmagy onuň bu iş boýunça wekilini edinmek hukugyndan mahrum etmeýär.

Ygtyýarnama esasynda hukuk kömegini berýän şahslaryň ygtyýarlyklary hukuk kömegini bermek hakyndaky şertnama we ygtyýarnamanyň nusgasy bilen tassyklanylýar.

Kämillik ukyby bolmadyk raýatlaryň, doly kämillik ukyby bolmadyk ýa-da kämillik ukyby çäklendirilen diýlip ykrar edilen adamlaryň hukuklaryny, azatlyklaryny we kanun bilen goralýan bähbitlerini kazyýetde olaryň ata-eneleri, perzentlige alanlar, hossarlar, howandarlar ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bu hukugyň berlen beýleki adamlary goraýarlar.

Ölen ýa-da bellenilen tertipde ölen diýlip yglan edilen adamyň mirasdarynyň gatnaşmaly işi boýunça, eger miras heniz hiç kim tarapyndan kabul edilmedik bolsa, mirasdaryň wekili hökmünde miraslyk emlägi goramak we dolandyrmak üçin bellenilen hossar ýa-da saklaýjy çykyş edýär.

Kanuny wekiller kazyýetde işiň alnyp barylmagyny wekil hökmünde özleri tarapyndan saýlanan başga adama tabşyryp bilerler.

11. Kazyýet mejlisini geçirmezden we taraplary çagyrmazdan jedelsiz talaplar boýunça bergidardan pul möçberini tutup almak, gozgalýan emlägi talap etmek ýa-da jedelsiz esaslar boýunça hususy eýeçilikdäki gozgalmaýan emläkden peýdalanmakda döreýän päsgelçiligi aradan aýyrmak hakyndaky arzalar boýunça önümçilik buýruk önümçiligi bolup durýar.

Buýruk önümçiligi kazyýet buýrugy hakynda kesgitnama çykarmak bilen tamamlanýar. Kazyýet buýrugy hakynda kesgitnama şol bir wagtda ýerine ýetiriji resminama bolup durýar we kazyýet çözgütlerini ýerine ýetirmek üçin bellenilen tertipde ýerine ýetirilýär.

Buýruk önümçilik instituty Türkmenistanyň raýat iş ýörediş kanunçylygynda ilkinji gezek göz öňünde tutulýar. Onuň esasy maksady bildirilýän talabyň häsiýetine we esalylygynyň derejesine baglylykda, oňa ýönekeýleşdirilen tertipde we hak isleýiş önümçiliginde işe seretmegiň möhletine garanda has gysga möhletleriň bellenilip, ýazmaça subutnamalaryň esasynda meseläniň çalt çözülmegini üpjün etmekden ybaratdyr.

Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 147-nji maddasyna laýyklykda, eger bergidardan bildirilen talabyň garşysyna bellenilen möhletde närazylyk gelip gowuşsa, kazy kazyýet buýrugy hakyndaky kesgitnamany sökýär, bu hakda kesgitnama çykarýar. Kazyýet buýrugy hakyndaky kesgitnamany sökmek hakyndaky kesgitnamada kazy algydar tarapyndan bildirilen talabyň hak isleýiş önümçiliginiň tertibinde bildirilip bilinjekdigini düşündirýär. Kazyýet buýrugy hakyndaky kesgitnamany sökmek hakyndaky kesgitnamanyň nusgalary ol çykarylandan soň üç günden giç bolmadyk möhletde taraplara iberilýär. Kazyýet buýrugy hakyndaky kesgitnamany sökmek baradaky kazyýet karary şikaýat edilmäge we teklipnama getirilmäge degişli däldir.

Kazyýet buýrugy hakynda kesgitnama çykarmak baradaky arza üçin bu Kodeksiň 84-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, ýagny hak isleýiş arzasy berlende tölenilmäge degişli möçberiň 50 göterimi möçberinde döwlet pajynyň tölenilýändigine, kazyýet buýrugy hakynda kesgitnama sökülende algydar

tarapyndan tölenilen döwlet pajy gaýtarylmaýandygyna, hak isleýiş önümçiliginiň tertibinde algydar tarapyndan bergidara hak isleg bildirilende tölenilen döwlet pajynyň tölenilmäge degişli pajyň hasabyna goşulýandygyna kazylaryň ünsüni çekmeli.

12. Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 18-nji maddasynyň talabyna görä, iş boýunça hakykaty anyklamak üçin zerur bolan subutnamalary bermek borjy taraplaryň, üçünji taraplaryň we işe gatnaşýan beýleki şahslaryň üstüne düşýär. Işe dogry seredilmegi we çözülmegi üçin düýpli ähmiýeti bolan ähli ýagdaýlaryň hemmetaraplaýyn, doly, dogry aýdyňlaşdyrylmagy üçin şeýle subutnamalary almak olara mümkin bolmasa, olaryň haýyşnamasy boýunça görkezilen şahslara subutnamalary talap edip almaga kazyýet ýardam edýär.

Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 15-nji maddasyna laýyklykda, raýat kazyýet önümçiligi taraplaryň bäsleşikliliginiň we deňhukuklylygynyň esasynda amala aşyrylýandygyna, taraplaryň deň iş ýörediş hukuklaryndan peýdalanýandyklaryna we deň iş ýörediş borçlaryny çekýändiklerine, taraplaryň raýat kazyýet önümçiliginiň barşynda öz nukdaýnazaryny, ony goramagyň usullaryny we serişdelerini özbaşdak we kazyýetden, beýleki edaralardan we adamlardan garaşsyz saýlap alýandyklaryna, kazyýetiň işiň hakyky ýagdaýlaryny anyklamak maksady bilen öz başlangyjy boýunça subutnamalary ýygnamakdan doly boşadylandygyna, ýöne taraplaryň delillendirilen haýyşnamasy boýunça bu Kodeksde göz öňünde tutulan tertipde zerur materiallary almakda olara ýardam edýändigine kazylaryň ünsi çekilmäge degişlidir.

Işe seredýän kazyýet dogruçyllygy we tarapgöýsüzligi saklamak bilen, işiň ýagdaýlaryny doly we dogry barlamaga taraplaryň hukuklaryny amala aşyrmagy üçin zerur şertleri döretmelidir, işe gatnaşýan adamlara olaryň hukuklaryny we borçlaryny düşündirmelidir, iş ýörediş hereketlerini amala aşyrmagyň ýa-da amala aşyrmazlygyň netijeleri hakynda duýdurmalydyr we bu Kodeksde göz öňünde tutulan halatlarda olara öz hukuklaryny amala aşyrmakda ýardam etmelidir, şeýle hem kazyýet taraplara deň we hormatly garaýşy görkezmelidir.

Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 179-njy maddasynyň talabyna görä, kazyýet taraplar bilen hakyky we hukuk tarapdan işiň ýagdaýyna we jedeliň ýagdaýlaryna seretmelidir. Ol gatnaşyjylaryň hukuklarynyň we bähbitleriniň kemsidilmezligini üpjün edýär. Kazyýet hukuk jedelini çözmek üçin ähmiýeti bolan möhüm faktlaryň ählisi babatda taraplaryň doly aýtmaklary, jedelleşilýän tassyklamalar boýunça subutnamalar getirmekleri, zerur bolan mahalynda goşmaça subutnamalary bermekleri we maksada laýyk haýyşnamalary bermekleri üçin ýardam etmelidir.

Kazyýet iş ýörediş tekliplerine degişli şübhelere üns bermelidir. Eger taraplaryň biriniň hukuk nukdaýnazaryndan möhüm garaýşyny elden giderendigi bilinse, kazyýet tarapa bu garaýyşy görkezmelidir we oňa aýtmaga mümkinçilik bermelidir.

Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 184-nji maddasyna laýyklykda, kazyýet diňe bildirilen hak isleýiş talabyň çäklerinde işe seredýär. Degişli

ýagdaýlarda kazy hak isleýjä onuň goşmaça talaplary bildirmek hukugyny düşündirmäge borçludyr.

13. Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 49-njy maddasynyň talaplaryna laýyklykda, kanun boýunça subut etmegiň belli bir serişdeleri bilen tassyklanylmaly işiň ýagdaýlary subut etmegiň başga hiç bir başga serişdeleri bilen tassyklanylyp bilinmez.

Kanun boýunça geleşik baglaşylandygy notarial tertipde tassyklanylmaly bolsa bu ýagdaý diňe notarial tertipde kadalaşdyrylan resminamalar bilen tassyklanylyp bilner. Eger geleşik notarial tertipde kadalaşdyrylmadyk bolsa-da, taraplaryň biri ony doly ýa-da bölekleýin ýerine ýetiren bolsa we ol kanuna ters gelmeýän ýagdaýynda, onda şeýle geleşik Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 45-nji maddasynyň 2-nji böleginde göz öňünde tutulan subut ediş serişdelerine (şaýatlaryň görkezmelerinden başgasyna) salgylanmak bilen tassyklanylyp bilner.

Her bir tarap subut etmek güzabyny çekýär we özi üçin amatly hukuk kadalaryny ulanmagyň şertleriniň barlygyny kesgitleýär (Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 46-njy maddasynyň 1-nji bölegi).

Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 47-njy maddasynyň talabyna görä, subutnamalar taraplar we işe gatnaşýan beýleki adamlar tarapyndan berilýär.

Işiň dogry çözülmegi üçin ähmiýeti bolan ýagdaýlar ulanylmaga degişli maddy we iş ýörediş hukugynyň kadalaryny göz öňünde tutmak bilen taraplaryň, işe gatnaşýan beýleki adamlaryň talaplarynyň we närazylyklarynyň esasynda kazyýet tarapyndan kesgitlenilýär.

Haçan-da, taraplar we işe gatnaşýan beýleki adamlar üçin subutnamalary bermek kyn bolan ýagdaýynda, kazyýet olaryň haýyşnamasy boýunça subutnamalary talap etmekde olara ýardam berýär. Subutnamalary talap etmek hakyndaky haýyşnamada subutnama görkezilmelidir, şeýle hem iş üçin ähmiýeti bolan haýsy ýagdaýlaryň bu subutnama bilen anyklanylyp ýa-da ýalana çykarylyp bilinjekdigi, subutnamalary özbaşdak almaga päsgel berýän sebäpler we onuň ýerleşýän ýeri görkezilmelidir.

14. Kazyýetiň tabşyrygy ýa-da subutnamalary üpjün etmek tertibinde şaýatlaryň bolýan ýerlerinde sorag etmek usuly bilen, ýerinde serediş geçirilende ýa-da kazyýet seljerişi gaýra goýlanda toplanylan subutnamalar işe düýp manysy boýunça kazyýet mejlisinde seredilende barlanylmalydyr we olara beýleki subutnamalar bilen bilelikde baha berilmelidir.

Işe seretmeklik gaýra goýlan mahaly kazyýet gelen şaýatlary Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 195-nji maddasynda göz öňünde tutulan şertlere laýyklykda sorag etmäge haklydyr.

Täze kazyýet mejlisinde bu şaýatlaryň ikinji gezek çagyrylmagyna diňe zerur halatlarda ýol berilýär.

Kazyýet ozalky çykarylan çözgüt sökülenden soň kazyýet mejlisinde işe seredende sökülen çözgüt çykarylan kazyýet mejlisinde sorag edilen şaýatlaryň täze kazyýet mejlisine gelmegi mümkin bolmasa (ýarawsyzlygy, uzak wagtlaýyn iş sapary bilen gidenligi we ş.m. sebäplere görä), onda olaryň öňki kazyýet mejlisinde

beren görkezmelerini yglan etmäge we olara beýleki subutnamalar bilen bilelikde baha bermäge haklydyr.

15. Kazyýetler raýat işleri boýunça bilermen seljermesini bellänlerinde, bilermenleri bellemegiň we bilermen seljermesini geçirmegiň tertibiniň Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 73-nji we 74-nji maddalarynda göz öňünde tutulan kadalaryny berk berjaý etmelidirler. Işe gatnaşýan her bir adamyň bilermen tarapyndan düşündirilmeli meseleleri kazyýete bermäge haklydygyna, bilermeniň netijenamasyny talap edýän meseleleriň gutarnykly toparynyň kazyýet tarapyndan kesgitlenilýändigine, işe gatnaşýan adamlar tarapyndan hödürlenilen meseleleriň kabul edilmezligini kazyýetiň delillendirmäge borçludygyna kazylaryň ünsi çekilmelidir. Bilermen seljermesi degişli edaranyň bilermenleri tarapyndan ýa-da kazyýet tarapyndan bellenilen beýleki hünärmenler tarapyndan geçirilýär.

16. Hak isleýjiniň hak isleginden ýüz döndermek hakyndaky arzasy, jogap beriji tarapyndan hak isleginiň ykrar edilmegi ýa-da taraplaryň barlyşyk ylalaşygynyň şertleri, eger olar dilden mälim edilen bolsa, kazyýet mejlisiniň teswirnamasyna girizilýär we degişlilikde hak isleýji, jogap beriji ýa-da taraplar tarapyndan gol çekilýär. Eger hak isleýji hak isleginden ýüz dönderýän bolsa, jogap beriji tarapyndan hak islegi ykrar edilýän bolsa ýa-da taraplaryň barlyşyk ylalaşygy kazyýete berlen ýazmaça arzalarda beýan edilen bolsa, bu arzalar işe goşulýar, bu barada kazyýet mejlisiniň teswirnamasynda görkezilýär.

Kazyýet hak isleýjä, jogap berijä ýa-da taraplara hak isleýjiniň hak isleginden ýüz döndermeginiň ýa-da taraplaryň barlyşyk ylalaşygynyň tassyklanylmagynyň netijelerini düşündirýär.

Hak isleýjiniň hak isleginden ýüz döndermegini kabul etmek ýa-da taraplaryň barlyşyk ylalaşygynyň tassyklanylmagy hakynda kazyýet kesgitnama çykarýar, kesgitnamada şol bir wagtda iş boýunça önümçiligi bes edýär. Kesgitnamada taraplaryň barlyşyk ylalaşygynyň kazyýet tarapyndan tassyklanylýan şertleri görkezilmelidir.

Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 134-nji maddasynyň talaplaryna laýyklykda, wekil wekilçilik edilýäniň adyndan ähli iş ýörediş hereketlerini amala aşyrmaga haklydyr. Ýöne hak isleýiş arzasyna gol çekmek, ony kazyýete bermek, jedeli bitaraplar kazyýetiniň seretmegine bermek, garşylyklaýyn hak islegini bildirmek, hak isleýiş talaplaryndan doly ýa-da bölekleýin ýüz döndermek, olaryň möçberini azaltmak, hak islegini ykrar etmek, hak isleginiň närsesini we esaslaryny üýtgetmek, barlyşyk ylalaşygyny baglaşmak, başga adama ygtyýarlyklary bermek (gaýtadan ynanmak), kazyýet kararyna şikaýat etmek üçin wekiliň hukuklary wekilçilik edilýän adam tarapyndan berlen ynanç hatynda ýörite kesgitlenmelidir.

Hak islegini (arzany) beren prokuror barlyşyk ylalaşygyny baglaşmak hukugyndan başga hak isleýjiniň ähli iş ýörediş hukuklaryndan peýdalanýar we ähli iş ýörediş borçlaryny çekýär (Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 129-njy maddasynyň birinji bölegi).

Başga adamyň kanuny bähbitleriniň goragyna berlen hak isleginden (arzadan) prokuror ýüz dönderen mahalynda, eger bu adam ýa-da onuň kanuny wekili hak isleginden ýüz döndermek hakynda mälim etmese, işe düýp manysy boýunça

seretmek dowam etdirilýär. Şu ýagdaýda kazyýet çykdajylary umumy esaslarda tölenilýär.

Tassyklanylýan barlyşyk ylalaşygynyň şertleri ýerine ýetirilende onuň kesgitnamanyň mazmuny hiç hili düşnüksizlik we jedel bolmaz ýaly derejede aýdyň we takyk beýan edilmelidir.

17. Kazyýet çözgüdi çykarylmazdan, iş boýunça önümçiligiň bes edilmegi we arzanyň seredilmän galdyrylmagy sebäpli gutaryşynyň görnüşleri biri-birinden düýpli tapawutlanýarlar.

Iş boýunça önümçiligiň bes edilmegi bilen, hak isleýjiniň şol bir jogap berijä şol bir närse hakynda we şol bir esaslar boýunça hak islegini bildirip, kazyýete ýüz tutmak hukugyny ýitirýändigi, arzanyň seredilmän galdyrylan mahalynda bolsa, muňa esas bolup hyzmat eden şertler düzedilenden soňra, gyzyklanýan şahsyň umymy tertipde arza bilen kazyýete täzeden ýüz tutmaga haklydygy göz öňünde tutulmalydyr.

Hak isleýji hak isleginden, onuň jogap beriji tarapyndan talabyň doly ýerine ýetirmegi bilen ýa-da başga esaslar boýunça, sebäbini düşündirmek we kazyýet mejlisiniň teswirnamasynda bellik etmek bilen dilden ýa-da ýazmaça görnüşde doly ýa-da bölekleýin ýüz döndermäge haklydyr, ol meýletin bolmalydyr, kanunyň talaplaryna garşy gelmeli däldir.

Hak isleýji hak isleginden kazyýet mejlisine çenli ýüz dönderse jogap berijiniň razylygy gerek däldir we iş kazyýetiň kesgitnamasy bilen bes edilýär, kazyýet mejlisinde (kazyýetiň karary kabul edilýänçä) bolsa onuň üçin jogap berijiniň razylygy zerurdyr (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 121-nji maddasynyň 2-nji bölegi).

Hak isleýjiniň hak isleýiş arzasynyň yzyna gaýtarylmagy hakyndaky arzasy kazyýet mejlisi başlamazdan öň ýazmaça berilmelidir we şondan soňra jogap berijiniň oňa bolan garaýşy aýdyňlaşdyrylmalydyr hem-de jogap beriji işiň düýp manysy boýunça seljerilmegini talap etmese (işiň hakyky ýagdaýynyň anyklanmagyny we iş boýunça belli bir netijä gelinmegini talap etmese), arza kazyýetiň kesgitnamasy bilen seretmän galdyrylmaga degişlidir.

Eger-de hak isleýiş arzasynyň yzyna gaýtarylmagy baradaky arza kazyýet mejlisiniň dowamynda dilden aýdylsa, bu barada kazyýet mejlisiniň teswirnamasynda bellik edilmelidir.

Jedeliň aradan aýrylmagy – hak isleginiň esaslydygyna garamazdan işiň düýp manysy boýunça çözülmegine, ýagny şahslaryň bozulan hukuklarynyň we bähbitleriniň goralmagyny amala aşyrmaga ýol bermeýän ýagdaýdyr. (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 259-njy maddasynyň 1^1-nji bendi).

Özem, taraplaryň hereketleri bilen bagly bolmadyk ýagdaýlarda jedelli meseläniň aradan aýrylmagyna düşünilýär. Mysal üçin: çagany öz terbiýeçiligine almak baradaky jedel boýunça, çaganyň özüniň hak isleýjiniň öýüne gelmegi ýa-da kämillik ukyby ýok diýip ykrar etmek baradaky raýat işi boýunça, näsagyň ölmegi, raýaty man-nyşansyz giden diýip ykrar etmek baradaky işler boýunça raýatyň özüniň gelmegi-tapylmagy we ş.m.

Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 4-nji maddasynyň 12-nji bendindäki raýat işleriniň raýat hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan jedellerden ybarat bolýandygy barada görkezilenlere laýyklykda, kazyýetde hak isleýjiniň hak

isleýiş arzasy diňe jedel ýüze çykan halatynda seredilýär we jedeliň aradan aýrylmagy bilen iş önümçilikden bes edilýär.

Eger hak isleýiş arza kazyýetde kabul edilmeginden öň, şol sanda Türkmenistanyň RIÝK-nyň 151-nji maddasynyň 1-nji bölegi esasynda bu meselä seredilýän üç günüň dowamynda jedel aradan aýrylan bolsa, hak isleýiş arza kabul edilmezden yzyna gaýtarylýar. Şol ýagdaý hak isleýiş arza kazyýetiň önümçiligine kabul edilenden soň ýüze çykarylsa, Türkmenistanyň RIÝK-nyň 259-njy maddasynyň 1^1-nji bendi esasynda iş önümçilikden bes edilýär we 87-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 4-nji bendine laýyklykda döwlet pajy yzyna gaýtarylar.

Eger kazyýet mejlisinde jogap beriji tarapyndan hak isleginiň doly kanagatlandyrylandygyna hem-de jedeliň hakykat ýüzünde aradan aýrylandygyna garamazdan, hak isleýji bu mesele boýunça arza bermekden we kanunyň düzgünlerini berjaý etmekden (hak isleginden ýüz dönderýändigi barada arza ýazmakdan ýa-da kazyýet mejlisiniň teswirnamasynda ol barada edilen bellige gol çekmekden) ýüz dönderse, onda ol Türkmenistanyň RIÝK-nyň 225-nji maddasy esasynda kazyýet mejlisine gelmedik hasap edilip, 222-nji maddasy esasynda hak islegi seredilmän galdyrylýar, döwlet pajy bolsa gaýtarylmaýar.

Türkmenistanyň Raýat iş ýöredişi kodeksiniň 259-njy we 261-nji maddalarynda göz öňünde tutulan iş boýunça önümçiliginiň bes etmekliginiň we arzanyň seredilmän galdyrylmagynyň esaslary gutarnyklydyr.

Kazyýetiň iş boýunça önümçiligi togtatmak borjuna we hukugyna esas berýan ýagdaýlaryň sanawy hem Türkmenistanyň Raýat iş ýöredişi kodeksiniň 254-nji we 255-nji maddalarynda beýan edilendir.

18. Türkmenistanyň Raýat iş ýöredişi kodeksiniň 149-njy maddasynyň 4-nji böleginiň talabyna görä, prokuror tarapyndan jemgyýetçilik ýa-da döwlet bähbitlerinde bildirilýän arzada olaryň bähbitleriniň anyk nämeden ybaratdygynyň esasy, haýsy hukugyň bozulandygy, şeýle hem kanuna ýa-da beýleki kadalaşdyryjy hukuk namasyna salgylanma bolmalydyr. Raýatyň bähbitlerine prokuror ýüz tutan mahalynda hak isleýiş arzasynda raýatyň özi tarapyndan hak islegini bildirmek mümkinçiliginiň bolmazlygynyň sebäpleriniň esasy bolmalydyr we şol arza raýatyň kazyýete hak islegi bilen ýüz tutmagyna bolan razylygyny tassyklaýan resminama goşulmalydyr, kämillik ukyby bolmadyk adamyň bähbitlerine arzanyň berlen halatlary muňa degişli däldir.

Beýleki adamlaryň hukuklarynyň we bähbitleriniň goralmagy üçin kazyýete ýüz tutan prokuror, şeýle hem ýerine ýetiriji häkimiýetiň edaralarynyň ygtyýarly adamlary ilkinji bolup düşündirişler berýärler (Türkmenistanyň Raýat iş ýöredişi kodeksiniň 198-nji maddasy).

Türkmenistanyň raýat iş ýöredişi kanunçylygynda raýat işlerine seredilende, prokuroryň gatnaşmagynyň hökmanylygynyň göz öňünde tutulmandygyny, diňe Türkmenistanyň Raýat iş ýöredişi kodeksiniň 25-nji babynda (Türkmenistanyň raýatlarynyň saýlaw hukuklaryny we sala salşyga gatnaşmaga bolan hukuklaryny goramak hakyndaky işler boýunça önümçilik), 32-nji babynda (raýaty namnyşansyz giden diýip ykrar etmek hakynda ýa-da raýaty ölen diýip yglan etmek), 33-nji babynda (raýatyň kämillik ukybyny çäklendirmek ýa-da raýaty kämillik ukyby ýok diýip ykrar etmek) we 34-nji babynda (saklamagyň aýratyn düzgüni

bolan edara raýaty mejbury ýerleşdirmek) göz öňünde tutulan işler boýunça prokuroryň iş ýöredişe gatnaşmaga we kazyýet çykyp geplemelerinden soň arzanyň (şikaýatyň) kanuna laýyklygy babatda kazyýete netijenama bermäge hukugynyň bardygyny kazyýetlere düşündirmeli (Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 129-njy maddasynyň 3-nji bölegi).

19. Işi kazyýet seljerişine taýýarlamagyň we oňa seretmegiň we çözmegiň kanunda bellenilen möhletlerini kazyýetler gyşarnyksyz berjaý etmelidirler, şonda işe seretmegiň gaýra goýlan wagty, oňa seretmekligiň umumy möhletinden aýrylmaýandygy göz öňünde tutulmalydyr.

Hak isleýiş talaplary birleşdirilende olara seretmek üçin gysgaldylan we umumy möhletler bellenilen bolsa, umumy möhletler ulanylýar.

Birnäçe hak isleýiş talaplary birikdirilende bir hak isleýiş önümçiliginde olara bilelikde seretmek üçin Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksinde göz öňünde tutulan işlere seretmegiň möhleti soňky hak isleýiş arzasynyň kazyýete gelip gowşan gününden hasaplanylýar (Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 172-nji maddasy).

Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 175-nji maddasynyň talabyna görä, raýat işlerine arzanyň kazyýete gelip gowşan gününden başlap iki aýdan köp bolmadyk möhletde kazyýet tarapyndan seredilýär we çözülýär.

Alimentleri tutup almak hakyndaky, saglyga şikes ýetirilmegi ýa-da saglygyna başga zeper ýetirilmegi, şeýle hem ekleýjisiniň ýitirilmegi sebäpli ýetirilen zeleliň öwezini dolmak hakyndaky we zähmet hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan talaplar boýunça işlere birinji basgançakly kazyýet tarapyndan arzanyň kazyýete gelip gowşan gününden başlap bir aýdan gijä galman seredilýär we çözülýär.

Hak isleginň esaslary ýa-da närsesi üýtgedilende, hak isleýiş talaplarynyň möçberi artdyrylanda, bu Kodeksde göz öňünde tutulan işlere seretmegiň möhleti degişli iş ýörediş hereketiniň amala aşyrylan gününden başlanýar.

19^1. Kazyýet işe gatnaşýan we kazyýet mejlisiniň wagty we ýeri hakynda habar berlen adamlaryň haýsydyr biri gelmedik mahalynda, eger olar tarapyndan gelmezliginiň sebäpleri hakynda maglumatlar berilmedik bolsa ýa-da kazyýet olaryň gelmezlikleriniň sebäplerini esassyz diýip hasap edýän bolsa, işe seretmäge haklydygyna, ýöne Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 192-nji maddasynyň 5^1-nji böleginde görkezilen halatlar muňa degişli däldigine, ýagny maşgala işleri boýunça önümçilikde kazyýet tarapyndan esassyz diýlip hasap edilen sebäpler boýunça jogap beriji kazyýet mejlisine gelmeýän bolsa, onda onuň kazyýetiň kesgitnamasy boýunça mejbury getirilmäge sezewar edilip bilýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

20. Eger işe gatnaşýan adamlaryň arzasy boýunça, şeýle hem işe gatnaşýan adamlaryň haýyşnamalarynyň esasynda prokuroryň teklipnamasy boýunça täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça kazyýet kararyna (çözgüdine, kesgitnamasyna ýa-da kararyna) gaýtadan seretmek hakynda önümçiligi gozgamaklyga arza bermekleri üçin Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 405-nji maddasynda göz öňünde tutulan möhlet esasly sebäplere görä geçirilen bolsa, ol kazyýet tarapyndan dikeldilip bilner.

Täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça kazyýet kararyna (çözgüdine, kesgitnamasyna ýa-da kararyna) gaýtadan seretmek hakynda kazyýetiň kesgitnamasyna hususy şikaýat berlip bilner ýa-da işe gatnaşýan ýa-da täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça kazyýet kararlaryna gaýtadan seretmek hakynda teklipnama getiren prokuror tarapyndan teklipnama getirilip bilner.

21. Çözgüt çykarmak bilen tamamlanan ýa-da bes edilen raýat işi boýunça doly ýa-da bölekleýin ýitirilen kazyýet önümçiligini dikeltmek bu Kodeksiň 2-nji goşundysyna laýyklykda, ýagny ýitirilen kazyýet önümçiligini dikeltmek hakynda Düzgünnamada bellenilen tertipde kazyýet tarapyndan geçirilýär. Kazyýetiň çözgüdi ýa-da önümçiligi bes etmek hakyndaky kesgitnamasy, eger ol iş boýunça çykarylan bolsa hökmany dikeldilmäge degişlidir. Ýitirilen önümçilik boýunça kazyýet kararyny takyk dikeltmek üçin ýygnalan materiallar ýeterlik bolmadyk mahalynda kazyýet kesgitnama bilen önümçiligi dikeltmek hakyndaky arzanyň seljerilişini bes edýär we işe gatnaşýan adamlara umumy tertipde hak islegini bildirmek hukugyny düşündirýär.

22. Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 115-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, alimentleri tutup almak hakynda we saglyga şikes ýetirilmegi ýa-da saglygyna başga zeper ýetirilmegi, şeýle hem ekleýjisiniň ýitirilmegi sebäpli ýetirilen zeleliň öwezini dolmak hakynda, nikany bozmak hakynda we döwletiň bähbitlerine bildirilen talaplar boýunça jogap berijiniň bolýan ýeri näbelli bolanda, kazy içeri işler edaralarynyň üsti bilen jogap berijini gözlemegi yglan etmäge borçludyr. Kazyýet tarapyndan jogap berijiniň gözlenilmegini yglan etmek işe seretmek üçin päsgelçilik bolup durmaýar, ýöne muňa maşgala işleri boýunça önümçilikde seredilýän işler degişli däldir.

Gözleýiş çäreleriniň barşynda jogap berijiniň bolýan ýeri anyklanylanda oňa kazyýete çagyrmak hakynda kazyýet çakylygy gowşurylýar.

Jogap berijini gözlemek boýunça çykdajylary tutup almak Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 12-nji babynda göz öňünde tutulan tertipde kazyýet buýrugy hakynda kesgitnamany çykarmak arkaly içeri işler edarasynyň arzasy boýunça geçirilýär.

23. Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 221-nji maddasyna laýyklykda, çözgüt çykarylandan we gol çekilenden soň kazyýet mejlisler otagyna gaýdyp gelýär, bu ýerde başlyklyk ediji kazyýetiň çözgüdini yglan edýär. Soňra başlyklyk ediji kazyýetiň çözgüdiniň mazmunyny, oňa şikaýat etmegiň tertibini we möhletini düşündirýär. Şundan soň başlyklyk ediji işe gatnaşýan adamlaryň, olaryň wekilleriniň kazyýetiň çözgüdi bilen haçan tanşyp biljekdiklerini we onuň nusgalaryny alyp biljekdiklerini düşündirmäge borçludygyna kazylaryň ünsüni çekmeli.

Şol Kodeksiň 270-nji maddasyna laýyklykda, işe gatnaşýan adamlar we olaryň wekilleri teswirnama bilen tanyşmaga haklydyrlar we oňa gol çekilen gününden üç günüň dowamynda onda ýol berlen nädogrulyklary we kemligi görkezmek bilen teswirnama ýazmaça bellikler berip bilerler.

24. Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 94-nji maddasynyň işe gatnaşan her bir wekil üçin däl-de, adwokat üçin edilen çykdajynyň öwezini dolmagy göz öňünde tutýandygyny kazyýet nazara almalydyr.

25. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň raýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri aşakdaky kazyýetler tarapyndan raýat işlerine seredilende iş ýörediş kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçiligi yzygiderli alyp barmalydyrlar we raýat iş ýörediş kanunçylygynyň ulanylyş iş tejribesini wagtal-wagtal umumylaşdyryp, ýüze çykarylan kemçilikleri aradan aýyrmak maksady bilen kazyýetlere degişli amaly kömekleri bermelidirler.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy B.Çaryýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy Ş.Haýytow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 7

2016-njy ýylyň 27-nji dekabry Aşgabat şäheri

Kazyýet çözgüdi hakynda

(26.08.2017 ý. № 3; 19.07.2025 ý. № 4; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen)

Kazyýet çözgüdi raýat işleri boýunça adyl kazyýetligi amala aşyrmaklygyň möhüm resminamasydyr, ol kazylary çözgüt çykarmaklyga aýratyn jogapkärçilikli we ünsli çemeleşmäge borçly edýär.

Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 2016-njy ýylyň 1-nji iýulyndan güýje girizilmegi we şonda kazyýet çözgüdine bildirilýän talaplary ýerine ýetirmek maksady bilen, "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy kazyýetlere şu ugrukdyryjy düşündirişleri bermekligi

K A R A R E D Ý Ä R:

1. Her bir raýat işi boýunça çykarylýan kazyýet çözgütleriniň Türkmenistanyň RIÝK-nyň 233-nji maddasynyň talaplaryna laýyk gelmelidigine, kanuny we esasly bolmalydygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Kazylar kazyýet çözgütlerini özlerine kesekiniň täsirini aradan aýyrýan şertlerde, işde bar bolan subutnamalaryň olaryň jeminde tarapgöýsüzlik, hemmetaraplaýyn we doly seredilmegine esaslanan öz içki ynam-ygtykady boýunça çykarýarlar.

2. Kazyýet çözgüdi maddy we iş ýörediş hukuk kadalary gyşarnyksyz berjaý edilip çykarylan ýagdaýynda kanuny diýip hasaplanýar. Işler çözülende kazyýet tarapyndan kanunyň bozulmagy ýol berilmesizdir.

Jedelli hukuk gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän hukuk kadalary bolmadyk mahalynda Türkmenistanyň RIÝK-nyň 7-nji maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda, şoňa meňzeş hukuk gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän hukuk kadalary ulanylýar, şeýle kadalar bolmadyk mahalynda bolsa, kazyýet kanunçylygyň umumy başlangyçlaryndan we manysyndan ugur almalydyr. Şu ýagdaý çözgüdiň özünde delillendirilmelidir.

3. Eger kazyýetiň çözgüdinde, diňe taraplaryň her birine subutnamalary barlamaga gatnaşmagy deň esaslarda üpjün edilen hem-de kazyýet mejlisinde barlanylan, kazyýetiň gelen netijesini tassyklaýan subutnamalar görkezilen bolsa, onda şeýle kazyýet çözgüdi esaslydyr. Kazyýetiň işiň hakyky ýagdaýlary barasynda gelen netijesi subutnamalara esaslanan bolmalydyr. Kazyýetiň çözgüdi işiň ýagdaýlary barasyndaky çaklamalara esaslandyrylyp bilinmez.

Çözgüt Türkmenistanyň RIÝK-nyň 48-nji, 49-njy maddalarynyň subutnamalaryň iş üçin ähmiýetliligi we ýol bererliligi barasyndaky talaplaryna laýyk gelýän subutnamalara, ya-da subutnamalary talap etmeýän faktlara esaslanmalydyr. Eger kanuna laýyklykda haýsydyr bir ýagdaýlar şaýatlaryň görkezmeleri bilen tassyklanmaýan bolsa, onda kazyýet şol ýagdaýyň hakykat ýüzünde bolandygy ýa-da bolmandygy barasyndaky gelen netijesini diňe kanunda göz öňünde tutulan beýleki subut ediş serişdelerine salgylanmak bilen esaslandyrmaga haklydyr.

4. Kazyýetiň çözgüdi çykarylanda kazyýet hak isleýji tarapyndan bildirilen talaplaryň çäklerinde işi çözýär. Bildirilen talaplaryň çäklerinden çykmaklyk üçin hak isleýjiniň razylygy bolup, onuň hukuklarynyň, azatlyklarynyň we kanun bilen goralýan bähbitleriniň goralmagy üçin zerur diýip kazyýet hasap edende, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki halatlarda hak isleýjiniň bildiren talaplarynyň çäklerinden daşyna çykylyp bilinýändigine kazylaryň ünsüni çekmeli (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 234-nji maddasynyň 2-nji bölegi).

5. Türkmenistanyň RIÝK-nyň 178-nji maddasyna laýyklykda, kazyýet seljerişiniň esasy ýörelgeleriniň biriniň onuň gös-gönüligi sebäpli çözgüt diňe birinji basgançakly kazyýet tarapyndan kazyýet mejlisinde barlanylan subutnamalara esaslandyrylan bolmalydyr. Eger-de subutnamalar işe seredýän kazyýete başga kazyýetden gelip gowşan bolsa, şol subutnamalar Türkmenistanyň Raýat iş ýöredişi kodeksiniň talaplaryny berjaý edilip alnan bolsa we olar kazyýet mejlisinde yglan edilen, işe gatnaşýanlar tanyşdyrylan bolsa, kazyýet çözgüdini şol subutnamalara esaslandyrmaga haklydyr.

6. Kazyýet öz çözgüdinde iş üçin ähmiýeti bolan ol ýa-da beýleki ýagdaýlary tassyklaýan subutnamalaryň atlaryny sanap geçmek bilen çäklenmän, şol subutnamalaryň mazmunyny doly beýan etmäge borçludyr.

Iş boýunça toplanan subutnamalaryň her birine aýry-aýrylykda we olaryň umumy birliginde baha berilmelidir. Subutnamalara baha berlende, hiç hili subutnamalaryň kazyýet üçin öňünden bellenen güýje eýe däldigini, berlen subutnamalaryň haýsysynyň ileri tutulmalydygyny kazyýetiň çözýändigi nazara alynmalydyr (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 17-nji maddasynyň 2-nji bölegi).

Taraplaryň öz talaplarynyň we bildirilýän talaba närazylyklarynyň esasy hökmünde salgylanýan ýagdaýlarynyň işiň maglumatlary, şaýatlaryň görkezmeleri, işiň hakyky boluş ýagdaýlary barasyndaky maglumatlar bilen tassyk bolmaýandygy takyklanan mahalynda, kazyýet öz çözgüdinde bu barasynda gelen netijesini ynadyryjylykly delillendirmelidir.

7. Türkmenistanyň RIÝK-nyň 237-nji maddasynyň 4-nji bölegiň 4-nji bendine laýyklykda kazyýet çözgütde kazyýetiň gollanan kanunlary görkezmäge borçlydygy sebäpli çözgüdiň delillendiriş böleginde kazyýetiň hukuk gatnaşyklary babatda ulanan maddy kanun we kazyýetiň gollanan iş ýöredişi kadalar görkezilmäge degişlidir.

Jogap berijiniň bildirilen hak islegi ykrar eden mahalynda, kazyýetiň çözgüdiniň delillendiriş böleginde diňe hak islegiň ykrar edilmegi we onuň kazyýet tarapyndan kabul edilmegi görkezilip bilner.

Eger kazyýet seljerişinde jogap beriji özüne bildirilen hak islegi bölekleýin ykrar edýän bolsa, onda kazyýet hak islegiň ykrar edilmedik bölegi boýunça çözgüdiň delillendiriş böleginde işiň ýagdaýlary hakynda kazyýetiň netijeleri esaslandyrylan subutnamalar, şeýle hem kazyýetiň ol ýa-da beýleki subutnamalary ret edýän delilleri görkezilmelidir.

Hak isleg wagtynyň möhletini we kazyýete ýüz tutmak möhletini geçirmegiň sebäpleriniň esassyzlygyny ykrar etmek bilen baglanyşykly hak islegini kanagatlandyrmakdan ýüz dönderilen mahalynda kazyýetiň çözgüdiniň delillendiriş böleginde diňe bu ýagdaýlaryň kazyýet tarapyndan anyklanylmagynyň görkezilýändigine kazylaryň ünsi çekilmelidir.

Gaýybana çözgüt çykarylanda beýan ediş we delillendiriş böleklerіniň zerurlygy ýokdur, şoňa görä-de, gaýybana çözgütde giriş we karara geliş böleklerіniň görkezilmegi ýeterlikdir. Çözgütde ol gaýybana çözgüt hökmünde bellenilmelidir (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 237-nji maddasynyň 5-nji bölegi).

8. Türkmenistanyň RIÝK-nyň 233-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, çözgüt diňe kazyýet mejlisinde barlanan subutnamalar bilen esaslandyrylmalydyr.

Kanunyň şu talabynyň berjaý edilmegi üçin Türkmenistanyň RIÝK-nyň 207-nji maddasyna laýyklykda ýazmaça subutnamalary we olary gözden geçirmek barada düzülen teswirnamalar kazyýet mejlisinde yglan edilenden soň işe gatnaşýanlara, wekillere, zerur halatlarda bolsa bilermenlere, hünärmenlere we şaýatlara görkezilmelidir we ol barada işe gatnaşýan adamlaryň düşündirişleri diňlenilmelidir.

Zerurlyk ýüze çykan ýagdaýynda, kazyýet Türkmenistanyň RIÝK-nyň 62-nji maddasynyň 1-nji böleginde göz öňünde tutulan ýazmaça subutnamalara hem salgylanmaga haklydyr.

9. Kazyýetler Türkmenistanyň RIÝK-nyň 50-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, ozal kanuny güýje giren kazyýet çözgüdinde anyklanylan faktlaryň we hukuk gatnaşyklarynyň taraplar we işe kazyýet seljerişinde gatnaşýan beýleki adamlar tarapyndan inkär edilmegine degişli däldigini, şeýle hem olaryň hukuk kabul edijileri tarapyndan şu ýagdaýlara we hukuk gatnaşyklaryna şol bir adamlaryň gatnaşýan başga bir kazyýet mejlisinde öňküden üýtgeşik baha berlip bilinmeýändigini göz öňünde tutmalydyrlar.

Jenaýat işi boýunça kazyýetiň kanuny güýje giren hökümi ýa-da administratiw hukuk bozulmalary hakyndaky iş boýunça kanuny güýje giren kazyýetiň karary, özi barasynda kazyýetiň hökümi ýa-da karary çykarylan adamynyň hereketleriniň raýat-hukuk netijeleri hakyndaky işe seredýän kazyýet üçin, diňe şeýle meseleler boýunça, ýagny şol hereketleriň bolanlygy we şol adam tarapyndan edilenligi baradaky meseleler boýunça hökmanydyr.

Kanunyň anyklanan diýip çaklaýan faktlary iş seljerilende subut edilmäge degişli däldir, ýöne şeýle çaklama umumy tertipde ýalana çykarylyp bilner.

10. Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi bilen hak isleýiş önümçiliginde, aýratyn önümçilikde, administratiw-hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan işler boýunça önümçilikde işlere seretmegiň tertibiniň biri-birinden düýpli tapawutlanýandygyny göz öňünde tutmak bilen, şolaryň hemmesi boýunça hem işiň

düýp manysy boýunça çözülýän kazyýetiň kararynyň çözgüt görnüşinde kabul etmek bilen işi seljermeklik tamamlanýandygyny Türkmenistanyň RIÝK-nyň 237-nji maddasynyň çözgüdi beýan etmegiň düzgüni ähli önümçilige hökmanydygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Türkmenistanyň RIÝK-nyň 235-nji maddasyna laýyklykda esaslandyrylan çözgüdi düzmegiň möhletiniň gyşarnyksyz berjaý edilmelidigine kazylaryň ünsüni çekmeli.

Kazyýet kararynyň çözgüt görnüşinde diňe işiň düýp manysy boýunça birinji basgançakly kazyýetiň gelen netijesi boýunça çykarylýandygy (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 232-nji maddasy) sebäpli onuň mazmuny Türkmenistanyň RIÝK-nyň 237-nji maddasynyň talaplaryna laýyklykda, bu Kodeksiň 238-242-nji maddalarynda goýulan meseleler beýan edilip, çözgüdiň karara geliş böleginde görkezilmelidir. Eger iş boýunça birnäçe hak islegi bildirilende, şol hak islegleriň düýp manysy boýunça çözülmedik bölegi boýunça kazyýetiň gelen netijesi kazyýet kararynyň kesgitnama görnüşinde çykarylmaga degişlidir.

11. Türkmenistanyň RIÝK-nyň 237-nji maddasyndaky çözgüdiň mazmuny barasynda edilýän talaplaryň gyşarnyksyz berjaý edilmedigine, kazyýetleriň çözgüdiniň karara geliş bölegini, soňra çözgüt ýerine ýetirilende düşnüksizlik we jedel ýüze çykmaz ýaly derejede aýdyň beýan etmäge borçludyklaryna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Çözgüt kazyýet tarapyndan hak isleýjiniň bildiren hemme talaby boýunça çykarylýar. Birnäçe hak isleginiň bir önümçilige birikdirilen ýa-da kazyýet tarapyndan garşylyklaýyn hak isleginiň ýa-da jedel närsesi barasynda özbaşdak talaplary bildirýän üçünji taraplaryň hak isleginiň kabul edilen ýagdaýynda, kazyýet çözgüdiniň karara geliş böleginde her bir hak islegi boýunça kazyýetiň nähili karara gelendigi anyk beýan edilmelidir.

Eger çözgüt birnäçe hak isleýjiniň peýdasyna çykarylan bolsa, onda kazyýet öz çözgüdinde olaryň her birine haýsy paýyň degişlidigini ýa-da töledip almak hukugynyň raýdaş bolup duryandygyny görkezmelidir. Eger-de umumy emläk doly paýlananda umumy eýeçiligiň ýatyrylýandygy çözgüdiň karara geliş böleginde görkezilmelidir.

Birnäçe jogap berijiniň garşysyna çözgüt çykarylan ýagdaýynda kazyýet jogap berijileriň her biriniň nähili derejede çözgüdi ýerine ýetirilmelidigini görkezýär ýa-da olaryň jogapkärçiliginiň raýdaş bolup duryandygyny, ýagny deňdigini görkezýär.

Şol bir wagtyň özünde işe gatnaşmaga çekilmedik adamlaryň hukuklary we borçlary baradaky meseläni çözmäge kazyýetiň haky ýokdur.

Ýerine ýetirilmegi belli bir şertleriň ýüze çykmagyna ýa-da ýüze çykmazlygyna bagly bolan çözgütleriň çykarylmagyna ýol berilmeýär.

Türkmenistanyň RIÝK-nyň 250-nji maddasynda görkezilen ýagdaýlarda kazyýet çözgüdiň karara geliş böleginde onuň haýal etmän ýerine ýetirilmelidigini görkezmäge borçludyr. Kazyýet Türkmenistanyň RIÝK-nyň 251-nji maddasynda göz öňünde tutulan esaslar boýunça hem çözgüdiň haýal etmän ýerine ýetirilmelidigi barasynda onuň karara geliş böleginde görkezmäge haklydyr, ýöne bu kazyýet tarapyndan delillendirilmelidir.

Eger iş boýunça birnäçe hak islegi bildirilen bolsa we şolaryň biri boýunça önümçilik ýatyrylmaga ýa-da hak islegine seredilmän galdyrylmaga degişli bolsa, onda Türkmenistanyň RIÝK-nyň 263-nji maddasyna laýyklykda kesgitnama çykarylýar. Beýleki düýp manysy boýunça çözülmäge degişli hak islegler boýunça bolsa kazyýet tarapyndan onuň kanagatlandyrylandygy-kanagatlandyrmakdan ýüz dönderilendigi barasynda çözgüt çykarylýar.

Çözgüt çykarylanda, Türkmenistanyň RIÝK-nyň 237-nji maddasynyň 6-njy böleginiň kazyýet çykdajylaryny taraplaryň arasynda paýlamak baradaky talaplary berjaý edilmelidir.

12. Türkmenistanyň RIÝK-nyň 243-nji maddasyna laýyklykda, iş boýunça çözgüt çykaran kazyýet işe gatnaşýan adamlaryň arzasy boýunça ýa-da öz baslangyjy boýunça çözgütde goýberilen ýalňyşlary ýa-da göz-görtele arifmetiki ýalňyşlyklary düzedip biler. Düzedişler girizmek hakyndaky mesele çykarylan çözgüdiň ýerine ýetirilendigine ýa-da ýerine ýetirlmändigine garamazdan çözülip bilner, ýöne welin, çözgüdi mejbury suratda ýerine ýetirmek üçin bellenilen möhletleriň çäklerinde şeýle edilip bilner.

13. Kazyýet tarapyndan goşmaça çözgüt diňe Türkmenistanyň RIÝK-nyň 244-nji maddasynda göz öňünde tutulan halatlarda we işiň diňe kazyýet seljerişinde takyklanylan hakyky ýagdaýlary esasynda çykarylyp bilner.

Goşmaça çözgüt çykarmak hakyndaky mesele çözgüdiň çykarylan gününden başlap on günüň dowamynda gozgalyp bilinýär we bu mesele iş nägilelik tertipde seretmek üçin iberilmänkä çözülmelidir.

14. Kazyýetiň çykaran çözgüdi aýdyň bolmadyk halatynda şol çözgüdi çykaran kazyýet, Türkmenistanyň RIÝK-nyň 245-nji maddasyna laýyklykda, işe gatnaşan adamlaryň arzasy boýunça çözgüdiň mazmunyny üýtgetmezden ony düşündirmäge haklydyr. Eger çözgüt ýerine ýetirilen bolsa we mejbury suratda ýerine ýetirmek üçin bellenilen möhlet geçen bolsa, onda çözgüdiň düşündirilmegine ýol berilmeýär. Kazyýet çözgüdi düşündirende onuň mazmunyny üýtgetmäge haky ýokdur, diňe ony giňişleýin we düşnükli görnüşde beýan edip biler.

15. Kazyýetler zerurlyk ýüze çykan mahalynda, Türkmenistanyň RIÝK-nyň 246-njy maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, çözgüdi ýerine ýetirmegiň möhletini yza süýşürmek we möhletlere bölmek, şonuň ýaly-da ony ýerine ýetirmegiň usulyny we tertibini üýtgetmek mümkinçilikleriniň bardygyny göz öňünde tutmalydyrlar.

16. Türkmenistanyň RIÝK-nyň 23-nji maddasyna laýyklykda, raýat işlerine birinji basgançakly kazyýetde kazy tarapyndan ýekelikde seredilýär, şunda kazy işleri ýa-da iş ýöredişiň beýleki meselelerini çözende kazyýetiň adyndan hereket edýär, bu Kodeksiň 24-nji maddasyna laýyklykda bolsa, birinji basgançakly kazyýetde işe seredilende ýüze çykýan ähli meseleler kazy tarapyndan ýekelikde çözülýär.

Türkmenistanyň RIÝK-nyň 345-nji we 386-njy maddalaryna laýyklykda, çözgüdiň nusgasynyň işe gatnaşýan adamlara gowşurylan gününden bir aýyň dowamynda nägilelik şikaýaty (eger işe prokuror gatnaşan halatynda nägilelik teklipnamasy hem), çözgüdiň kanuny güýje giren gününden bir ýylyň dowamynda

bolsa gözegçilik tertibinde çözgüde şikaýat ýa-da teklipnama berlip bilinýändigi barada çözgüdiň karara geliş böleginde görkezilmelidigine, şeýle-de Türkmenistanyň RIÝK-nyň 253-nji maddasyna laýyklykda kazyýetiň çözgüdiniň nusgalary kazyýet çözgüdiniň gutarnykly görnüşde kabul edilen gününden başlap üç günden giç bolmadyk möhletde taraplara we beýleki işe gatnaşýan adamlara gowşurylmalydygyna kazylaryň ünsüni çekmeli.

17. Nägilelik we gözegçilik basgançakly kazyýetler birinji basgançakly kazyýetler tarapyndan çykarylan çözgütleriň kanunylygyna we esaslydygyna degişli derejede gözegçiligi üpjün etmelidirler, çözgütleriň kanuna laýyklygyny barlap, kazyýetler tarapyndan goýberilen ýalňyşlyklary öz wagtynda düzetmelidirler.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy B.Çaryýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy Ş.Haýytow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 8

2016-njy ýylyň 27-nji dekabry Aşgabat şäheri

Nagilelik basgançakly kazyýetlerde raýat işlerine seretmekligiň kazyýet iş tejribesi hakynda

(18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3; 19.10.2024 ý. № 9; 19.07.2025 ý. № 4; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Raýat işlerine nägilelik tertipde dogry we öz wagtynda seretmek, iş tejribesini mundan beýläk hem kämilleşdirmek we hukuk meseleleri çözmekde birmeňzeşligi üpjün etmek maksady bilen "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy,

K A R A R E D Ý Ä R:

1. Nägilelik basgançakly kazyýetleriň raýat işlerine nägilelik şikaýat ýa-danägilelik teklipnama boýunça seretmekligiň kanunda görkezilen tertibiniň berk berjaý edilmeginiň zerurlygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

2. Işlere nägilelik tertibinde seredilende kazyýetler kanuna laýyklykda aşakdaky ýagdaýlary: birinji basgançakly kazyýet tarapyndan iş boýunça ähmiýeti bolan ýagdaýlaryň dogry kesgitlenendigi; kazyýetiň anyklanan diýip hasap eden ýagdaýlarynyň subut bolandygy; kazyýetiň öz çözgüdinde beýan eden netijesiniň işiň ýagdaýlaryna laýyk gelýändigi; maddy ýa-da iş ýörediş hukuk kadalarynyň bozulandygy ýa-da bozulmandygy, şol kadalaryň ulanylyşynyň dogrulygy baradaky meseleleri anyklamalydyr.

Kazyýet çözgüdiniň kanunylygyny we esaslylygyny nägilelik basgançakly kazyýet işdäki bar bolan, şeýle hem taraplaryň we işe gatnaşýan beýleki adamlaryň işe seretmek başlanmanka ýa-da işe seredilýän döwründe berlen, şeýle hem taraplaryň, işe gatnaşýan beýleki adamlaryň haýyşy boýunça hak isleginiň çäklerinde täze faktlary anyklap we birinji basgançakly kazyýete bermek mümkin bolmadyk täze subutnamalary barlaýar. Täze subutnamalary kabul etmek hakynda kazyýet kesgitnama çykarmalydyr.

Şeýle-de, kazyýet taraplaryň haýyşy boýunça goşmaça şaýatlary çagyryp sorag etmeginiň, birinji basgançakly kazyýet tarapyndan barlamakdan ýüz dönderilen subutnamalary barlamagyň birinji basgançakly kazyýet üçin bellenen tertipde geçirilýändigini kazylara düşündirmeli.

Şunda nägilelik şikaýatyny berýän adamyň ýa-da nägilelik teklipnamasyny getirýän prokuroryň birinji basgançakly kazyýete berilmedik täze subutnamalara bolan salgylanmasyna diňe şikaýatda, teklipnamada bu subutnamalary birinji

basgançakly kazyýete bermegiň mümkin bolmandygy esaslandyrylan mahalynda ýol berilýändigine kazylaryň ünsüni çekmeli.

3. Nägilelik basgançakly kazyýet birinji basgançakly kazyýetiň çözgüdiniň kanunylygyny we esaslylygyny nägilelik şikaýatynda,nägilelik teklipnamasynda we şikaýat, teklipnama babatda närazylyklarda beýan edilendelillerden ugur alyp, bildirilen hak islegiň çäklerinde barlamaga borçludyr. Nägilelik basgançakly kazyýet Türkmenistanyň RIÝK-nyň 275-nji we 298-nji maddalaryna laýyklykda kazyýet tarapyndan işiň hakyky ýagdaýlaryny aýdyňlaşdyrmagyň ýörelgesini ulanýandygyna we bu Kodeksiň 24-25-nji we 27-29-njy baplarynda göz öňünde tutulan işler babatda öz başlangyjy boýunça işiň ýagdaýlaryny barlaýandygyna kazylaryň ünsi çekilmelidir.

Türkmenistanyň RIÝK-nyň 372-nji maddasynda görkezilen esaslar bar halatynda, nägilelik basgançakly kazyýet nägilelik şikaýatda ýa-da teklipnamada maddy ýa-da iş ýörediş hukuk kadalarynyň bozulandygynyň görkezilendigine ýa-da görkezilmändigine garamazdan, kazyýet çözgüdini sökýär ýa-da üýtgedýär.

Nägilelik basgançakly kazyýet birinji basgançakly kazyýet tarapyndan ýol berlen düzgün bozmalar bu Kodeksiň 374-nji maddasynyň 2-nji böleginde göz öňünde tutulan halatlarda kazyýetiň çözgüdini doly ýa-da bölekleýin sökmäge haklydyr.

Nägilelik şikaýaty ýa-da nägilelik teklipnamasynykanagatlandyrman galdyran ýagdaýynda, nägilelik basgançakly kazyýet öz kesgitnamasynda şikaýatyň ýa-da teklipnamanyň delillerini näme esasynda nädogry diýip hasap edendigini ýa-da çözgüdi sökmäge esas bolup bilmeýär diýip hasap edendigini delillendirilen ýagdaýda görkezmäge borçludyr.

Kazyýet çözgüdiniň doly ýa-da böleginde sökülip, işiň täzeden kazyýet mejlisinde seretmek üçin iberilen mahalynda, nägilelik basgançakly kazyýet öz kesgitnamasynda işiň haýsyýagdaýlarynyň aýdyňlaşdyrylmalydygyny, şeýle hem işe täzeden seredilendebirinji basgançakly kazyýetiň etmeliiş ýörediş hereketlerini görkezmäge borçludyr.

4. Nägilelik basgançakly kazyýet işde bar bolan, şeýle hem goşmaça berlen subutnamalaryň esasynda iş üçin ähmiýeti bar bolan ýagdaýlary anyklasa we eger şol goşmaça berlen subutnamalar bilen taraplar tanyşdyrylan bolsa, şol sanda iş nägilelik tertipde seretmeklige taýýarlanylýan döwründe tanyşdyrylan bolsa hem, Türkmenistanyň RIÝK-nyň 358-nji maddasynyň we 371-nji maddasynyň 2-nji bendiniň manysyndan gelip çykyşyna görä, işi täzeden seretmäge bermän, birinji basgançakly kazyýetiň çözgüdini üýtgetmäge ýa-da sökmäge we täze çözgüt çykarmaga haklydyr.

Türkmenistanyň RIÝK-nyň 359-njy maddasyna laýyklykda, getirilen teklipnama boýunça prokurora nägilelik basgançakly kazyýetde kazyýet mejlisine gatnaşmaga hukuk berilýändigini, emma şu kodeksiň 367-nji maddasynyň manysyndan ugur alyp, Türkmenistanyň RIÝK-nyň 129-njy maddasynyň 3-nji böleginde göz öňünde tutulan ýagdaýlardan başga halatlarda, porokuror nägilelik basgançakly kazyýet mejlisine çagyrylmaýandygyny kazylara düşündirmeli.

5. Türkmenistanyň RIÝK-nyň 379-njy maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, işe nägilelik tertipde seredýän kazyýetiň kesgitnamasynda beýan edilen görkezmeleri şol işe täzeden seredýän kazyýet üçin hökmandyr.

Çözgütde anyklanmadyk ýa-da özi tarapyndan ret edilen ýagdaýlary takyklamaga ýa-da subut edilen diýip hasap etmäge, ol ýa-da beýleki subutnamalaryň dogrulygy ýa-da nädogrulygy hakyndaky, bir subutnamalaryň beýleki subutnamalaryň öňündäki artykmaçlygy hakyndaky, şonuň ýaly-da maddy hukugyň haýsy kadasynyň ulanylmalydygy we işe täzeden seredilen mahalynda kazyýetiň haýsy çözgüdi çykarmalydygy hakyndaky meseleleri öňünden çözmäge işe nägilelik tertipde seredýän kazyýetiň haky ýokdur.

6. Kazyýetiň çözgüdi nägilelik basgançakly kazyýetde gaýtadan sökülen mahalynda nägilelik basgançakly kazyýet şol işi birinji basgançakly kazyýet hökmünde, taraplaryň razylygy bolanda öz önümçiligine almagyň zerurlygy hakyndaky mesele ara alnyp maslahatlaşmaga degişlidir.

7. Türkmenistanyň RIÝK-nyň 346-njy maddasyna laýyklykda, nägilelik şikaýatlar ýa-da teklipnamalar çözgüdi çykaran kazyýetiň üsti bilen bildirilýär. Şikaýatyň ýa-da teklipnamanyň gös-göni nägilelik basgançakly kazyýete berilmegi şikaýata ýa-da teklipnamaseretmek üçin päsgelçilik bolup bilmeýär.

Kanuny güýjüne girmedik gaýybana çözgüt onuň özi barada çykarylan tarap tarapyndan nägilelik tertibinde şikaýat edilip bilinmeýändigine, gaýtadan gelmezligiň netijesinde kabul edilen we şoňa görä-de şikaýat bermek bilen jedelleşip bolmajak gaýybana çözgüde nägilelik şikaýaty berlip bilýändigine, ýöne nägilelik şikaýaty diňe ikinji gaýybana çözgüdi çykarmak üçin kanuny esaslaryň ýokdugyna esaslanyp bilýändigine kazylaryň ünsüniň çekilmegi zerurdyr (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 344-nji maddasy).

Nägilelik basgançakly kazyýete Türkmenistanyň RIÝK-nyň 347-nji we 348-nji maddalarynda göz öňünde tutulan talaplara laýyk gelmeýän nägilelik şikaýaty ýa-da nägilelik teklipnamasy berlende, şeýle hem döwlet pajy tölenilmedik şikaýat berlende, Türkmenistanyň RIÝK-nyň 351-nji maddasyna laýyklykda kazy kesgitnama çykarýar, onuň esasynda şikaýaty, teklipnamany hereketsiz galdyrýar we şikaýaty, teklipnamany beren adama kemçilikleri düzetmek üçin möhlet belleýär. Bellenen möhletde kazyýetiň kesgitnamasyndaky görkezmeler ýerine ýetirilse, onda şikaýat, teklipnama kazyýete ilkibaşdaky gelip gowşan gününden berlen diýip hasap edilýär. Şeýle bolmadyk mahalynda şikaýat ýa-da teklipnama berilmedik diýlip hasap edilip, ol yzyna gaýtarylýar.

8. Kazyýetler Türkmenistanyň RIÝK-nyň 133-nji maddasynda göz öňünde tutulan wekiliň ygtyýarlyklaryny resmileşdirmek baradaky düzgünler berjaý edilip, birinji basgançakly kazyýetde gatnaşýan wekilleriň, kazyýetiň çözgüdi barada şikaýat etmäge diňe oňa şu hereketi etmäge ygtyýar berilýändigi barada wekilçiligi edilýän tarapyň wekile beren ynanç hatynda ýörite görkezilen ýagdaýynda hukuklydygyny göz öňünde tutmalydyrlar.

Şeýle-de, Türkmenistanyň RIÝK-nyň 134-nji maddasyndan gelip çykýan talaplara görä, wekiliň iş ýörediş hereketlerini amala aşyrmaga haklydygy sebäpli oňa haýsy iş boýunça bildirilen talabyň we jedeliň närsesiniň haýsy bölegine

ygtyýar berýändigini aýdyňlaşdyrmalydyrlar, şeýle hem şu maddada görkezilen talaplar gyşarnyksyz berjaý edilmelidir.

9. Nägilelik şikaýaty ýa-da nägilelik teklipnamasy birinji basgançakly kazyýete gelip gowşandan soň şikaýat etmek ýa-da teklipnama getirmek üçin bellenilen möhlet geçenden soň, birinji basgançakly kazyýet haýal etmän işi nägilelik şikaýaty ýa-da nägilelik teklipnamasy bilen bilelikde nägilelik basgançakly kazyýete ibermäge borçludyr. Nägilelik şikaýatynyň ýa-da nägilelik teklipnamasynyň bermek möhletiniň (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 345-nji maddasy), nägilelik şikaýatynyň ýa-da nägilelik teklipnamasynyň mazmunyna bildirilýän talaplaryň (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 347-nji maddasy) berjaý edilenligi-edilmänligi, şeýle hem nägilelik şikaýaty ýa-da nägilelik teklipnamasy bilenişi alandan soň kazyýetiň hereketleri (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 352-nji maddasy) babatyndaky meseleler diňe nägilelik basgançakly kazyýet tarapyndan çözülmäge degişlidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli. Eger-de nägilelik şikaýaty ýa-da teklipnamany bildirmek möhletini dikeltmek baradaky haýyş bar bolsa, onda bu meseläni Türkmenistanyň RIÝK-nyň 349-njy maddasyndan ugur alyp, şu Kodeksiň 108-nji maddasynyň 2-nji bölegинde göz öňünde tutulan tertipde nägilelik basgançakly kazyýet tarapyndan seredilmäge degişlidir.

Nägilelik şikaýatyny ýa-da teklipnamany bildirmek möhletini dikeltmek baradaky haýyşlara seredilende, kazyýetler şikaýat ediljek bolunýan çözgüdiň kanunalaýyklygy baradaky meselelere seretmäge degişli däldigini, diňe nägilelik şikaýatyň ýa-da teklipnamanyň möhletini dikeltmek baradaky delillerini barlamalydygyny kazyýetlere düşündirmeli.

10. Kazyýete berlen nägilelik şikaýaty, nägilelik teklipnamasy boýunça öň işe nägilelik basgançakda seredilenden soň, gelip gowşan nägilelik şikaýaty, nägilelik teklipnamasy Türkmenistanyň RIÝK-nyň 380-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, nägilelik basgançakly kazyýetde umumy tertipde seredilmäge degişlidir. Soňky gelip gowşan nägilelik şikaýatyna, nägilelik teklipnamasyna seretmegiň netijesinde nägilelik basgançakly kazyýet öň çykarylan nägilelik kesgitnamasynyň kanuna laýyk gelmeýändigi ýa-da esassyzlygy barada netijä gelse, ony ýatyrýar we täze nägilelik kesgitnama çykarýar.

11. Işlere nägilelik şikaýat ýa-da teklipnama boýunça seretmekligi üpjün etmek maksatlary bilen, nägilelik basgançakly kazyýet nägilelik şikaýaty ýa-da teklipnamasy bilen işi alandan soň, Türkmenistanyň RIÝK-nyň 352-nji maddasynda göz öňünde tutulan amala aşyrmaly hereketleri hakyndaky talaplaryny, iş ýörediş kanunçylygyň kadalaryny gyşarnyksyz berjaý etmelidir.

12. Türkmenistanyň RIÝK-nyň 356-njy maddasyna laýyklykda, nägilelik şikaýatyny beren adam nägilelik basgançakly kazyýetde onuň degişli kazyýet kararyny kabul etmegine çenli nägilelik şikaýatyndan ýazmaça görnüşde ýüz döndermäge haklydyr, nägilelik teklipnamasyny getiren prokuror bolsa, kazyýet mejlisiniň başlanmagyna çenli ony yzyna almaga haklydyr. Nägilelik şikaýatdan ýüz döndermegi we nägilelik teklipnamany yzyna almagy kabul etmek hakynda nägilelik basgançakly kazyýet kesgitnama çykarýar, ýöne birinji basgançakly kazyýetiň çözgüdi babatda beýleki adamlar tarapyndan şikaýat edilmedik bolsa, diňe şol ýagdaýda nägilelik önümçiligi bes edilýär.

Eger şärikli hak isleýjiler, şärikli jogap berijiler we nägilelik şikaýatyny beren adam ýaly şol bir tarapyň tarapynda iş ýöredişde çykyş edýän üçünji şahslar nägilelik şikaýata goşulan bolsalar, onda nägilelik şikaýatdan ýüz döndermekligiň kabul edilmegi nägilelik önümçiligini ýöretmegi bes etmeklige getirmeýär. Nägilelik şikaýata goşuşylýandygy barasyndaky ýazmaça arza özbaşdak şikaýat hökmünde seredilýär. Şikaýata goşulmak hakyndaky arza üçin döwlet pajy tölenilmeýär.

Eger taraplaryň biri tarapyndan nägilelik şikaýaty berlen mahalynda garşydaş tarap, eger ol şikaýat etmek üçin bellenilen möhletde nägilelik şikaýatyny bermedik hem bolsa, kazyýet seljerişiniň dowamynda özbaşdak bolmadyk nägilelik şikaýatyny berip bilýändigine, ýöne nägilelik şikaýatyny beren tarap nägilelik şikaýatyndan ýüz dönderen mahalynda özbaşdak bolmadyk nägilelik şikaýaty hakyky däl bolup galyp, onuň seredilmäge degişli däldigine kazylaryň ünsüni çekmek zerurdyr (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 355-nji maddasy).

Nägilelik şikaýaty we nägilelik teklipnamasy berlenden soň hak isleýjiniň hak isleginden ýüz döndermegi kabul edilende ýa-da barlyşyk ylalaşygy tassyklananda nägilelik basgançakly kazyýet çykarylan çözgüdi söküp we iş boýunça önümçiligi bes edende, kesgitnamada barlyşyk ylalaşygyň şertlerini anyk görkezilmelidigini düşündirmeli.

13. Kazyýet buýrugy hakyndaky kesgitnamany çykarmak barada arzany kabul etmekden ýüz döndermek baradaky kesgitnamasynyň, şeýle hem kazyýet buýrugy hakyndaky kesgitnamany sökmek baradaky kazyýet kararynyň şol talap boýunça arza berijiniň gaýtadan hak isleýiş önümçiliginiň tertibinde hak islegini bildirmek mümkinçiligine päsgel bermeýändigi sebäpli, kazyýetiň kararynyň üstünden nägilelik tertipde şikaýat edilmäge we teklipnama getirilmäge degişli däldigini, birinji basgançakly kazyýetiň işe seretmekligi gaýra goýmak baradaky kesgitnamasynyň, şol sanda nikany bozmak hakyndaky işler boýunça hem çykarylýan şeýle kesgitnamalaryň üstünden nägilelik tertipde şikaýat edilmäge we teklipnama getirilmäge degişli däldigini kazylar göz öňünde tutmalydyrlar.

14. Kazyýetlere aşakdakylary düşündirmeli:

a) çözgütde beýan edilen netijäniň işiň düýp manysy boýunça çözülişine täsir edýändigine ýa-da etmeýändigine garamazdan, nägilelik şikaýat ýa-da teklipnama kazyýetiň çözgüdiniň bütin durşuna, şeýle hem onuň delillendiriş bölegine bildirilip bilinýär;

b) eger nägilelik basgançakly kazyýet çözgüdi sökmek we iş boýunça önümçiligi ýöretmegi togtatmak üçin esaslaryň barlygy barasynda netijä gelse (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 254-nji we 255-nji maddalary), iş şeýle ýagdaýlarda önümçiligi togtatmak baradaky meseläni hem ara alyp maslahatlaşmalydygy hakyndaky görkezme bilen täzeden seretmäge iberilýär.

15. Nägilelik basgançakly kazyýet aşakdykylara haklydyr:

a) çözgüdi doly ýa-da bölekleýin söküp, onda Türkmenistanyň RIÝK-nyň 259-njy we 261-nji maddalarynda görkezilen esaslar bar bolsa, iş boýunça önümçiligi bes etmäge ýa-da arzany seretmän galdyrmaga; taraplaryň barlyşyk ylalaşygyny baglaşandyklary sebäpli işi boýunça önümçiligi bes edilende, şol bir kesgitnamada taraplaryň barlyşyk ylalaşygyny tassyklamaga;

b) Türkmenistanyň RIÝK-nyň 243-nji we 245-nji maddalaryny ulanyp, işiň birinji basgançakly kazyýet tarapyndan anyklanan ýagdaýlaryndan ugur alyp, iş üçin ähmiýeti bolan ýagdaýlar birinji basgançakly kazyýete bermek mümkin bolmadyk goşmaça berlen subutnamalaryň esasynda anyklanylsaçözgüdi üýtgetmek ýa-datäze çözgüt çykarmak hakyndaky nägilelik kesgitnamada goýberilen ýalňyşlary we göz-görtele arifmetiki (san) ýalňyşlary düzetmäge, şeýle hem şu kesgitnamanyň aýdyň bolmadyk halatynda ony düşündirmäge; Türkmenistanyň RIÝK-nyň 246-njy maddasyna laýyklykda özüniň täze çykaran çözgüdiniň ýerine ýetirilmeginiň möhletini yza süýşürmek, möhletlere bölmek, şonuň ýaly-da ony ýerine ýetirmegiň usulyny we tertibini üýtgetmek hakyndaky meseleleri çözmäge.

16. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň raýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri işe nägilelik tertibinde seretmekligiň kazyýet iş tejribesini wagtal-wagtal umumylaşdyrmalydyrlar we kazyýetleriň işinde ýol berilýän kemçilikleri duýdurmak boýunça zerur çäreleri görmelidirler, şol sanda kanunçylygy dogry ulanmak boýunça kazyýetlere degişli amaly kömekleri bermelidirler.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy B.Çaryýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy Ş.Haýytow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 9

2016-njy ýylyň 27-nji dekabry Aşgabat şäheri

Gözegçilik basgançakly kazyýetde raýat iş ýörediş hukuk kadalarynyň ulanylyşynyň kazyýet iş tejribesi hakynda

(08.12.2018 ý. № 7; 18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3;19.07.2025 ý. № 4; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen)

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistanyň kanunçylygynyň kämilleşdirilmegi we onuň halkara hukuk kadalaryna laýyk getirilmegi netijesinde Türkmenistanyň täze Raýat iş ýörediş kodeksiniň kabul edilmegi bilen baglylykda, şeýle hem kazyýetiň kanuny güýje giren kararlaryna gözegçilik basgançakly kazyýetde seredilende ýüze çykýan meseleleriçözmek hem-de iş ýörediş hukuk kadalarynyň dogry ulanylmagyny üpjün etmek maksadyna eýerip,“Kazyýet hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy

K A R A R E D Ý Ä R :

1. Kanuny güýje giren kazyýet kararlarynyň (çözgütleriň, kesgitnamalaryň we kararlaryň)kanunylygynyň we esaslylygynyň degişli derejede barlanylmagynyň işe gatnaşan taraplaryň hukuklaryny we kanun tarapyndan goralýan bähbitlerini goramagyň wajyp kepillendirmesi bolýandygyny nazara alyp, raýat işlerini çözmek, hukuk kadalaryny dogry we birmeňzeş ulanmak boýunça seredilen kazyýet işlerine gözegçiligi güýçlendirmegiň we işde gabat gelýän kemçilikleri düzetmek üçin çäreleri görmekligiň zerurdygyna işlere gözegçilik tertibinde seredýän kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

2. Gözegçilik basgançakly kazyýete işe gatnaşýan adamlar tarapyndan, eger olaryň hukuklary we kanuny bähbitleri kazyýet kararlary bilen bozulan bolsa, şikaýat, işe gatnaşýan adamlaryň haýyşnamalary esasynda bolsa, prokuror kazyýet kararlaryna gaýtadan seretmek hakynda teklipnama bermäge haklydyrlar.

Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 116-njy maddasynda görkezilen, jedelli ýa-da kazyýet tarapyndan bellenilen hukuk gatnaşygyndan taraplaryň biri çykan halatynda (raýatyň ölmegi, ýuridik şahsyň işiniň bes edilmegi), eger jedelli hukuk gatnaşygy hukuk oruntutarlyga ýol berýän bolsa, kazyýet tarapyň onuň

hukuk oruntutary bilen çalşyrylmagyna ýol berýändigini, hukuk oruntutarlygyň iş ýöredişiň islendik tapgyrynda mümkindigini, aýrybaşgalamagyň ýa-da başga birine bermegiň iş ýöredişe täsir etmeýändigini, hak isleg berlenden soň talaplar üçünji tarapa berlende, hukuk oruntutarynyň garşydaş tarapyň razylygy bolmazdan, öňkiniň ýerine esasy tarap hökmünde iş ýöredişi dowam etdirmek ýa-da özbaşdak hak isleýiş talaplary bilen üçünji tarap hökmünde işe girişmek hukugynyň ýokdugyny, ýöne hukuk oruntutary özbaşdak hak isleýiş talaplaryny bildirmeýän üçünji tarap hökmünde iş ýöredişe girişip bilýändigini (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 128-nji maddasy) kazyýetlere düşündirmeli.

Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 385^1-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň başlygy we Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň başlygynyň orunbasary öz başlangyjy boýunça ýa-da şu Kodeksiň 385-nji maddasynyň birinji böleginde görkezilen adamlaryň haýyşnamalarynyň esasynda Türkmenistanyň ähli kazyýetleriniň kanuny güýje giren kazyýet kararlaryna (çözgütlerine, kesgitnamalaryna we kararlaryna) maddy we iş ýörediş kanunyň kadalarynyň düýpli bozulmagyny aradan aýyrmak maksady bilen, agzalan kanunda bellenen ýagdaýlarda teklipnama getirmäge haklydyr. Şol teklipnamany getirmegiň we oňa seretmegiň möhleti we tertibi Türkmenistanyň RIÝK-nyň 40-njy babynyň düzgünleri boýunça kesgitlenilýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

3.Gözegçilik tertibinde şikaýat ýa-da teklipnama kazyýet kararlarynyň kanuny güýje giren gününden bir ýylyň dowamynda berlip bilner (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 386-njy maddasy).

Gözegçilik şikaýaty ýa-da prokuroryň teklipnamasy Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 387-nji maddasynyň kadalary berjaý edilip, gös-göni degişli gözegçilik basgançakly kazyýete berilmelidir.

Şol kadalar berjaý edilmän berlen şikaýat ýa-da prokuroryň teklipnamasy düýp manysy boýunça seredilmezden yzyna gaýtarylýar.

Etrap, şäher kazyýetleriniň kanuny güýje giren çözgütlerine we kesgitnamalaryna, eger olar nägilelik basgançakly ýa-da gözegçilik basgançakly kazyýetde seredilmedik bolsalar - welaýat kazyýetiniň, döwlet ähmiýetli we welaýat hukukly şäher kazyýetiniň Prezidiumyna gözegçilik şikaýaty ýa-da prokuroryň teklipnamasy berilýändigini kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

4. Gözegçilik şikaýatynyň ýa-da prokuroryň teklipnamasynyň mazmunynda Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 388-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 1-7-nji bentlerinde görkezilen maglumatlar bolmalydyr.

Gözegçilik şikaýatyna ýa-da prokuroryň teklipnamasyna bildirilýän umumy talaplardan başga-da, ýörite kadalar Türkmenistanyň RIÝK-nyň 388-nji maddasynyň 2-5-nji bölekleriniň talaplary berjaý edilmelidir. Gözegçilik şikaýatyna şikaýaty berýän adam ýa-da onuň wekili tarapyndan gol çekilmelidir we iş boýunça kabul edilen kazyýet kararlarynyň degişli kazyýet tarapyndan tassyklanan nusgalary goşulmalydyr. Eger wekil tarapyndan berlende, şikaýatyň ýanyna ynanç haty ýa-da onuň ygtyýarlyklaryny tassyklaýan başga resminama hem goşulmalydyr.

Teklipnama prokuror tarapyndan gol çekilmelidir we işe gatnaşýan adamlaryň sanyna laýyk bolan onuň nusgalary bilen bilelikde kazyýete berilmelidir.

Gözegçilik şikaýatynyň ýa-da prokuroryň teklipnamasynyň mazmunyna bildirilýän umumy talaplaryň käbiri berjaý edilmän, (meselem kazyýet kararynyň senesiniň görkezilmezligi) başga resminamalar bilen onuň üsti ýetirilen bolsa (kazyýet kararynyň nusgasy goşulanda) şikaýatyň ýa-da teklipnamanyň düýp manysy boýunça seretmezden yzyna gaýtarylmaly däldigini kazytlere maslahat bermeli.

5. Gözegçilik şikaýaty ýa-da prokuroryň teklipnamasy kazyýete gelip gowşan gününden on günüň dowamynda, eger Türkmenistanyň RIÝK-nyň 388-nji maddasynda göz öňünde tutulan talaplara laýyk gelmeýän bolsa ýa-da kazyýete ýüz tutmak hukugy bolmadyk adam tarapyndan berlen bolsa ýa-da gözegçilik tertibinde şikaýat etmegiň möhleti geçirilen bolsa we şikaýatda ony dikeltmek hakynda haýyşnama ýok bolsa ýa-da onuň dikeldilmeginden ýüz dönderilende hem-de seretmek üçin kabul edilmegine çenli olary gaýtarmak ýa-da yzyna almak hakynda haýyş gelip gowşan bolsa, düýp manysy boýunça seredilmezden kazy tarapyndan gaýtarylmalydyr (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 391-nji maddasy).

Kanuny güýje girmedik kazyýet kararyna getirilen gözegçilik şikaýat ýa-da teklipnama Türkmenistanyň RIÝK-nyň 385-nji maddasynyň kadasyna laýyk gelmeýändigi sebäpli, düýp manysy boýunça seredilmezden gaýtarylmalydygyny kazyýetlere düşündirmeli.

6. Gözegçilik basgançakly kazyýetde gözegçilik şikaýaty ýa-da prokuroryň teklipnamasy bir aýyň dowamynda seredilýär we onuň netijesinde, kazyýet kararynyň kanunylygyna şübheler bar bolsa, kazy işi talap etmek hakynda kesgitnama çykarýar, eger-de şikaýatda ýa-da teklipnamada beýan edilen deliller kanuna laýyklykda kazyýet kararyny sökmek ýa-da üýtgetmek mümkinçiligine getirip bilmejek bolsa, işi talap etmekden ýüz döndermek hakynda kesgitnama çykarmalydyr.

Iş talap edilende, şikaýatda ýa-da teklipnamada kazyýet kararynyň ýerine ýetirilmeginiň togtadylmagy barada haýyş bar bolan ýagdaýynda, gözegçilik basgançakly kazyýetde önümçiligiň tamamlanmagyna çenli onuň ýerine ýetirilmegini togtatmaga kazy haklydyr, ýöne olaryň kanuna görä ýa-da kazyýetiň özüne berlen hukuklaryň çäginde çykaran çözgüdine görä haýal etmän ýerine ýetirilmeli ýagdaýlary (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 250-nji we 251-nji maddalary) muňa girmeýär.

Çözgüdiň ýerine ýetirilmeginiň togtadylandygy hakynda diňe bir çözgüt çykaran kazyýete däl-de, eýsem kimiň arzasy boýunça iş talap edilip alnan bolsa şol adama, beýleki tarapa, şonuň ýaly-da, eger çözgüdiň ýerine ýetirilmeýändigi barada şikaýat bilen ýüz tutan bolsa, beýleki gyzyklanýan adamlara hem habar berilmelidir.

Işi talap etmekden ýüz döndermek hakynda kazyýetiň kesgitnamasynyň nusgasy şikaýaty beren adama ýa-da teklipnama getiren prokurora iberilýär. Şunda delillendirilen ýazmaça jogap bermegiň zerur däldigine kazyýetleriň ünsini çekmeli.

7. Gözegçilik basgançakly kazyýetde talap edilen işe seretmegiň netijesi boýunça kazy işi düýp manysy boýunça seretmek üçin gözegçilik basgançakly kazyýete bermekden ýüz döndermek ýa-da düýp manysy boýunça seretmek üçin işi gözegçilik basgançakly kazyýete bermek hakynda kesgitnama çykarmalydyr.

8. Gözegçilik basgançakly kazyýetde düýp manysy boýunça seretmek üçin işi bermek hakynda çykarylan kazyýet kesgitnamasynyň nusgasyny we gözegçilik şikaýatynyň ýa-da prokuroryň teklipnamasynyň nusgalaryny işe gatnaşýan taraplara ibermelidigi, şeýle hem olaryň öz wagtynda kazyýet mejlisine gelmäge mümkinçiliginiň bolmagyny nazara almak bilen işe seretmegiň wagtyny bellemelidigi, işiň serediljek wagtyny we ýerini taraplara habar berilmelidigi baradaky kanunyň talaplarynyň (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 394-njy maddasy) gyşarnyksyz ýerine ýetirilmeginiň möhümdigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Işe seretmegiň wagty we ýeri hakynda degişli ýagdaýda habar berlen adamlaryň gelmezligi, işi seljermek üçin päsgelçilik bolup durmaýar.

9. Türkmenistanyň RIÝK-nyň 395-nji maddasyna laýyklykda, şikaýat beren adam gözegçilik tertibindäki şikaýatynyň düýp manysy boýunça seredilmäge kabul edilmegine çenli ondan ýazmaça görnüşde ýüz döndermäge, teklipnama getiren prokuror bolsa ony yzyna almaga haklydygyna, işe seretmegiň barşynda teklipnamanyň yzyna alynmagyna ýa-da üýtgedilmegine ýol berilmeýändine kazyýetleriň ünsini çekmeli.

10. Işe seredilende kazyýet şikaýatda ýa-da teklipnamada getirilen delilleriň çäklerinde işde bar bolan materiallar boýunça kazyýet kararlarynyň kanunylygyny we esaslylygyny barlamalydyr. Türkmenistanyň RIÝK-nyň 24-nji, 25-nji we 27-29-njy baplarynda göz öňünde tutulan (administratiw-hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan işler boýunça önümçilik, ýagny Türkmenistanyň raýatlarynyň saýlaw hukuklaryny we sala salyşyga gatnaşmaga bolan hukuklaryny goramak, raýat ýagdaýynyň namalaryny döwlet tarapyndan bellige almakdan ýüz dönderilmegine we raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyna üýtgetmeleri, goşmaçalary ýa-da düzedişleri girizmekden RÝNÝ edaralarynyň ýüz döndermegine şikaýatlar, notarial hereketlere ýa-da olaryň amala aşyrylmagyndan ýüz dönderilmegine şikaýat, mundan başga-da, maşgala işleri) işler boýunça bolsa kazyýet kararlarynyň kanunylygyny we esaslylygyny doly möçberde barlamalydygyny kazyýetlere düşündirmeli.

Kazyýetler, gözegçilik şikaýatyna goşulan resminamalar boýunça birinji basgançakly kazyýetde, şeýle hem nägilelik basgançakly kazyýetde barlanmadyk we baha berilmedik subutnamalary gözegçilik basgançakly kazyýetde netijä gelnende nazara alyp bolmaýandygyny göz öňünde tutmalydyrlar.

11.Türkmenistanyň RIÝK-nyň 388-nji we 393-nji maddalarynyň manysyndan gelip çykyşyna görä, gözegçilik şikaýatda ýa-da teklipnamada biri-biri bilen baglanyşykly şol bir taraplaryň arasyndaky iki we ondan köp raýat işleri boýunça çykarylan kazyýet kararlary barada görkezilendigine garamazdan, gözegçilik tertibinde olaryň bir önümçilikde seredilmegine ýol berilmeýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

12. Türkmenistanyň RIÝK-nyň 398-nji maddasyna laýyklykda, gözegçilik basgançakly kazyýet işe seredip, kazyýet kararyny (çözgüdi, kesgitnamany we karary) üýtgetmän galdyrmaga, işe gözegçilik tertibinde gaýtadan seretmek hakyndaky gözegçilik şikaýatyny ýa-da prokuroryň teklipnamasyny kanagatlandyrman galdyrmaga, kazyýet kararyny doly ýa-da böleginde sökmäge we işi täzeden seretmek üçin ibermäge, kazyýet kararyny doly ýa-da böleginde

sökmäge we iş boýunça önümçiligi bes etmäge ýa-da arzany seretmän galdyrmaga, kabul edilen kazyýet kararlarynyň birini güýjünde goýmaga, kazyýet kararyny sökmäge ýa-da üýtgetmäge, eger maddy hukugyň kadalary ulanylanda we düşündirilende ýalňyşlyga ýol berlen bolsa, täzeden seretmek üçin işi bermän, täze kazyýet kararyny kabul etmäge, gözegçilik şikaýatyny ýa-da prokuroryň teklipnamasyny Türkmenistanyň RIÝK-nyň 391-nji maddasynda göz öňünde tutulan esaslar bar bolan mahalynda düýp manysy boýunça seretmän galdyrmaga haklydyna kazyýetleriň ünsini çekmeli.

Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 398-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, kanuny düşündirmek hakynda ýokarda duryan kazyýetiň görkezmeleri işe täzeden seredýän kazyýet üçin hökmany bolup duryandygyna kazyýetleriň ünsi çekilmäge degişlidir.

13. Türkmenistanyň RIÝK-nyň 399-njy maddasyna görä, çözgütleriň, kesgitnamalaryň we kararlaryň gözegçilik tertibinde sökülmegine ýa-da üýtgedilmegine olaryň esassyzlygy ýa-da maddy ýa-da iş ýörediş hukuk kadalarynyň düýpli bozulmalary esas bolýarlar.

Iş boýunça çykarylan kazyýet kararynyň (çözgüdiň, kesgitnamanyň we kararyň) kanunylygy we esaslylygy barlananda diňe taraplaryň her birine subutnamalary barlamaga gatnaşmagy deň esaslarda üpjün edilendigini hem-de barlanylandygyny, işde bar bolan subutnamalaryň olaryň jeminde tarapgöýsüzlik, hemmetaraplaýyn we doly seredilendigini, kazyýet mejlisinde Türkmenistanyň RIÝK-nyň 259-njy we 261-nji maddalarynyň talaplarynyň berjaý edilendigini, maddy we iş ýörediş hukuk kadalarynyň düýpli bozulmasynyň bolmandygyny aýdyňlaşdyrmak zerurdyr.Raýat işleri çözülendäki ýalňyşlyklary düzetmek bilen birlikde, kazyýetler Türkmenistanyň RIÝK-nyň 372-nji maddasynyň 2-nji bölegine görä, düýp manysy boýunça dogry çözgüdiň, kesgitnamanyň ýa-da kararyň diňe bir ýönekeý (formal) garaýyşlar boýunça gözegçilik tertibinde sökülip bilinmeýändigini göz öňünde tutmalydyrlar. Meselem, işiň nädogry çözülmegine getirmedik we getirip hem bilmejek iş ýörediş hukuk kadalarynyň bozulmagy çözgüdiň, kesgitnamanyň ýa-da kararyň sökülmegine esas bolmaýar.

14. Eger nägilelik basgançakly kazyýet tarapyndan düýpli iş ýörediş kada bozulmalar goýberilen bolsa we olar çözgüdiň kanunylygyny we esaslylygyny, şikaýatyň ýa-da teklipnamanyň delillerini degişli derejede barlamak mümkinçiliginden kazyýeti mahrum eden bolsa, onda iş täzeden nägilelik tertipde seretmeklige berlip bilner (işe gatnaşýan adamlara işiň serediljek wagty we ýeri barada habar berilmezligi; işe kazyýetiň nädogry düzüminde seredilmegi we ş.m.). Şunda Türkmenistanyň RIÝK-nyň 400-nji maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda, nägilelik tertibindäki kesgitnama sökülip, işe gaýtadan seredilende nägilelik basgançakly kazyýet tarapyndan çykaryp bilinjek netijeleri gözegçilik basgançakly kazyýetiň öňünden çözmäge haky ýokdugyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

15. Türkmenistanyň RIÝK-nyň 398-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 3-nji bendine laýyklykda, işe gözegçilik tertibinde seredýän kazyýetiň kazyýet kararyny (çözgüdini, kesgitnamasyny we kararyny) doly ýa-da böleginde sökmäge we iş boýunça önümçiligi ýöretmegi bes etmäge ýa-da arzany seretmän galdyrmaga haklydygy, ýöne şeýle çözgüdiň kabul edilmegine getiren ýagdaýlar birinji

basgançakly kazyýetde barlanylmagyny talap etmeýän bolsa, şeýle edip bilýändigi göz öňünde tutulmalydyr.

Kazyýetiň karary (çözgüt, kesgitnama we karar) üýtgedilende ýa-da täze çözgüt çykarylanda, işiň kazyýet tarapyndan takyklanan ýagdaýlaryndan ugur alynmagy zerurdyr.

16. Eger işe gözegçilik tertibinde seredýän kazyýet, kazyýetkararyny (çözgüdi, kesgitnamany ýa-da karary) dolulygyna ýa-da bölekleýin sökse, şonuň bilen birlikde hem Türkmenistanyň RIÝK-nyň 254-nji we 255-nji maddalarynda göz öňünde tutulan ýagdaýlaryň bardygy barasynda netijä gelse, onda iş kesgitnamanyň (kararyň) delillendiriş böleginde iş boýunça önümçiligi togtatmak meselesini ara alyp maslahatlaşmak hakyndaky görkezme bilen birinji basgançakly kazyýete täzeden seretmeklige iberilip bilner.

17. Kazyýetiň karary (çözgüt, kesgitnama, karar) sökülip, iş täzeden seretmek üçin birinji basgançakly kazyýete iberilende, Türkmenistanyň RIÝK-nyň 376-njy we 401-nji maddalaryna laýyklykda, çözgüdiň sökülmeginiň esaslaryny, haýsy subutnamalaryň talap edilip alynmalydygyny, şeýle hem işe täzeden seredende kazyýetiň başga nähili hereketleri amala aşyrmalydygyny anyk beýän etmelidiklerine işe gözegçilik tertibinde seredýän kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Işe kazyýet gözegçiligi tertibinde seredýän kazyýetiň kesgitnamada ýa-da kararda beýan eden görkezmeleri şol işe täzeden seredýän kazyýet üçin hökmandyr.

Şonuň bilen birlikde hem birinji basgançakly kazyýete işiň ol ýa beýleki ýagdaýlarynyň subut bolýanlygy, subutnamalaryň ygtybarlylygy hakyndaky netijeleri öňünden çözýän, şeýle hem maddy hukuk kadasynyň haýsysynyň ulanylmalydygy we işe täzeden seredilende nähili çözgüt çykarylmalydygy baradaky görkezmeler berlip bilinmez.

Kazyýet karary gaýtadan sökülip, iş täzeden seretmeklige iberilen mahalynda, gözegçilik basgançakly kazyýet işi şol çözgüdi çykaran kazyýet babatynda ýokarda durýan kazyýete ibermek meselesini hem, eger muňataraplaryň razylygy bar bolanda ara alyp maslahatlaşmalydyr.

18. Türkmenistanyň RIÝK-nyň 243-nji, 245-nji we 246-njy maddalaryna görä, işe gözegçilik tertibinde seredýän kazyýet işiň birinji basgançakly kazyýet tarapyndan anyklanan ýagdaýlaryndan ugur alyp, çözgüdi üýtgetmek ýa-da täze çözgüt çykarmak barada gözegçilik basgançak tarapyndan çykarylan kesgitnamada (kararda) goýberilen ýalňyşlary we göz-görtele arifmetiki (san) ýalňyşlary düzetmäge, şeýle hem kesgitnama (karar) düşnüksiz bolan mahalynda, ony düşündirmäge, ýa-da üýtgedilen ýa-da täze çykarylan çözgüdi ýerine ýetirmegiňmöhletini yza süýşürmek, möhletlere bölmek, şeýle hem ony ýerine ýetirmegiň usuluny we tertibini üýtgetmek meselelerini çözmäge haklydyr.

19. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň raýat işler boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri adyl kazyýetligi amala aşyrmakda kazyýetleriň işlerini mundan beýläk hem gowulandyrmak üçin degişli çäreleri görmelidirler hem-de kazyýet ýalňyşlyklarynyň öz wagtynda öňüni almak we düzetmek boýunça alnyp barylýan işiň netijeliligini ýokarlandyrmalydyrlar hem-de maddy we iş ýörediş kanunynyň

kadalaryny dogry ulanmakda aşakda durýan kazyýetlere zerur bolan amaly kömegi bermelidirler.

Ýokarda durýan kazyýetler işlere gözegçilik tertibinde seretmek boýunça kazyýet iş tejribesini yzygiderli umumylaşdyrmalydyrlar, goýberilen ýalňyşlyklary öz wagtynda düzetmelidirler.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy B.Çaryýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy Ş.Haýytow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 10

2016-njy ýylyň 27-nji dekabry Aşgabat şäheri

Yuridik ähmiýeti bolan faktlary takyklamak baradaky işler boýunça Türkmenistanyň kazyýetleriniň iş tejribesi hakynda

(14.04.2018 ý. № 3; 18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3; 19.07.2025 ý. № 4, 18.10.2025 ý. № 10; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaalar bilen)

Raýatlaryň we guramalaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramakda ýuridik ähmiýeti bolan faktlary takyklamagyň wajyp ähmiýeti bardyr. Kazyýetler diňe arza beriji üçin şahsy we emläk hukuklaryň ýüze çykmagy, üýtgemegi we ýatyrylmagy bilen bagly bolan faktlary takyklamalydyrlar.

Ýuridik ähmiýeti bolan faktlary takyklamak hakyndaky işlere seredilende kanunçylygyň dogry ulanylmagyny, şeýle hem Türkmenistanyň täze Raýat iş ýörediş kodeksiniň kabul edilmegi bilen baglylykda kazyýetler tarapyndan şu görnüşli işleriň dogry seredilmegini üpjün etmek maksadyna eýerip, "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy

K A R A R E D Ý Ä R :

1. Ýuridik ähmiýeti bolan faktlary takyklamak hakyndaky işlere seredilende, kanunçylygyň berk berjaý edilmelidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli. Kazyýetler raýatlaryň we guramalaryň hukuklaryny we kanun tarapyndan goralýan bähbitlerini ähli çäreler arkaly goramalydyr. Şol bir wagtyň özünde aýry-aýry adamlaryň ýuridik ähmiýeti bolan faktlary takyklamagyň kazyýet tertibini soňundan bikanun ýeňillikleri we emläk peýdasyny almak üçin ulanmaklyga edýän synanyşyklarynyň öňüni almalydyrlar.

2. Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 303-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, kazyýet aşakdakylary takyklamak hakyndaky işlere seredýär:

1) adamlaryň garyndaşlyk gatnaşyklaryny;

2) adamyň eklençde bolandygynyň faktyny;

3) dogluşy, nikany baglaşmagy, nikany ýatyrmagy, perzentlige almagy, atalygy anyklamagy, familiýany, ady, atasynyň adyny üýtgetmegi we ölümi bellige alnandygynyň faktyny;

4) atalygyň ykrar edilendiginiň faktyny;

5) hukuk belleýän resminamalaryň (jemgyýetçilik guramasynyň agzalyk biledi, harby resminamalar, pasport we raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysy edaralary tarapyndan berilýän şahadatnamalar muňa girmeýär) resminamada

görkezilen adynyň, atasynyň adynyň ýa-da familiýasynyň şol adamynyň pasporty ýa-da dogluş hakyndaky şahadatnamasy boýunça ady, atasynyň ady ýa-da familiýasy bilen gabat gelmeýän adama degişlidigiňiň faktyny;

6) gozgalmaýan emläge eýelik edendigiňiň we ondan peýdalanandygynyň faktyny;

7) betbagtçylykly halatyň faktyny;

8) adamyň belli bir wagtda we belli bir ýerde doglandygynyň faktyny - raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysynyň edaralarynyň dogluş faktyny bellige almakdan ýüz dönderen ýagdaýynda;

9) adamyň belli bir wagtda we belli bir ýerde ölenliginiň faktyny - ölüm wakasyny bellige almakdan raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysynyň edaralary ýüz dönderen ýagdaýynda;

10) mirasyň kabul edilendigiňiň we mirasyň açylan ýeriniň faktyny;

11) ýuridik ähmiýeti bolan beýleki faktlary.

3. Türkmenistanyň Raýat iş ýöredip kodeksiniň 304-306-njy maddalaryna laýyklykda, kazyýetler aşakdaky görkezilýän ýagdaýlarda ýuridik ähmiýeti bolan faktlary takyklamak hakyndaky arzalary kabul edip we olara aýratyn iş ýöredip önümçiliginde seredip bilýärler, ýagny eger:

1) şeýle ýagdaýlar raýatlaryň ýa-da guramalaryň şahsy ýa-da emläk hukuklarynyň döremegine, üýtgemegine ýa-da ýatyrylmagyna getirýän bolsa;

2) ýuridik ähmiýeti bolan faktyň takyklanmagy soňundan kazyýetiň çözülmegine degişli bolan hukuk hakyndaky jedeli çözmek bilen baglanyşdyrylmaýan bolsa;

3) ýuridik ähmiýeti bolan fakty tassyklaýan degişli resminamalary almaga ýa-da dikeltmäge arza berijiniň başga mümkinçiligi ýok bolsa.

4. Türkmenistanyň Raýat iş ýöredip kodeksiniň 305-nji maddasyna laýyklykda, ýuridik ähmiýeti bolan fakty takyklamak hakyndaky işler boýunça arza, arza berijiniň ýaşaýan ýeri boýunça kazyýete berilýär, gozgalmaýan emlägiň ýerleşýän ýeri boýunça kazyýete berilýän gozgalmaýan emläge eýelik edendigiňiň we ondan peýdalanandygynyň faktyny takyklamak hakyndaky arza muňa degişli däldir.

Türkmenistanyň Raýat iş ýöredip kodeksiniň 306-njy maddasyna laýyklykda arzada, arza berijä haýsy faktyň takyklanylmalydygynyň zerurdygy görkezilmelidigini, şeýle hem onda arza beriji tarapyndan degişli resminamalary almagyň ýa-da ýitirilen resminamalary dikeltmegiň mümkin däldigini tassyklaýan subutnamalaryň getirilmelidigine (Türkmenistanyň Raýat iş ýöredip kodeksiniň 6-njy maddasy) kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

5. Şu görnüşli işleri wagtynda we dogry çözmekligi üpjün etmek maksady bilen olary degişli derejede kazyýet seljerişine taýýarlamagy kazyýetler göz öňünde tutup, ýuridik ähmiýeti bolan faktlary takyklamak boýunça işiň netijesi gyzyklandyrýan adamlary we guramalary işe seretmeklige gatnaşmaga çekmelidirler.

6. Adamlaryň garyndaşlyk gatnaşyklary (Türkmenistanyň Raýat iş ýöredip kodeksiniň 303-nji maddasynyň 2-nji böleginiň 1-nji bendi), kazyýet tertibinde anyklanylýar, ýöne eger garyndaşlyk gatnaşyklaryny anyklamak hakyndaky işlere

seredilende kazyýetlere degişli hukuk hakynda jedel ýüze çyksa, kazyýetiň arzany seretmän galdyrýandygyna we olaryň umumy esaslarda hak islegini bildirmäge haklydygyny gyzyklanýan adamlara düşündirmelidigine kazylaryň ünsi çekilmäge degişlidir.

7. Adamyň eklençde bolandygynyň faktyny takyklamak (Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 303-nji maddasynyň 2-nji böleginiň 2-nji bendi), degişli edara (meselem, ýaşaýyş jaý-ulanyş guramalary, häkimlik) tarapyndan özlerinde bar bolan maglumatlara görä, adamyň başga bir adamyň ekläp-saklamagynda bolmandygy baradaky kepilnamanyň berilmegi, eklençde bolandygynyň faktyny kazyýet tertibinde takyklamak mümkinçiligini aradan aýyrmaýar.

Eklençde bolandygynyň fakty pensiýa bellemek üçin zerurdygy sebäpli takyklananda, ekleýjisini ýitirendigi boýunça pensiýa puluny almaga ölen adamyň ekläp-saklamagynda bolan, zähmete ukypsyz maşgala agzasynyň hukugynyň bardygy nazara alynmalydyr. Şunda söweşde ölen harby gullukçylaryň ata-enesine we aýalyna, olaryň ölen harby gullukçynyň ekläp-saklamagynda bolandygyna ýa-da bolmandygyna garamazdan, ekleýjisiniň ýitirilenligi boýunça pensiýa bellenilýändigi göz öňünde tutulmalydyr.

Ekleýjisiniň ýitirilmegi bilen ýetirilen zyýany töletmek üçin, eklençde bolandygynyň fakty takyklananda, zyýany töletdirmäge bolan hukugyň eklençdäki adam bilen ekleýjiniň arasynda garyndaşlyk gatnaşygynyň bardygy bilenem, onuň ekläp-saklamagynda bolnan möhlet bilenem baglanyşykly däldigini kazyýetler nazara almalydyrlar.

8. Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 303-nji maddasynyň 2-nji böleginiň3-nji bendi esasynda, kazyýetler dogluşy, nikanyň baglaşylmagy, nikanyň ýatyrylmagy, perzentlige alynmagy, atalygy anyklamagy, familiýany, ady, atasynyň adyny üýtgetmegi we ölümi bellige alnandygynyň faktyny şeýle halatda, ýagny raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysynyň edaralarynda degişli ýazgynyň saklanyp galmadyk we raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysynyň edaralary tarapyndan şeýle ýazgyny dikeltmekden ýüz dönderilen bolsa ýa-da şol ýazgy diňe kazyýetiň raýat ýagdaýy namasynyň bellige alnanlyk faktyny takyklamak hakyndaky çözgüdiniň esasynda dikeldilip bilinýän mahalynda, kazyýet tertibinde takyklamaga haklydyrlar.

Dogluşy, nikanyň baglaşylmagy, nikanyň ýatyrylmagy, perzentlige alynmagy, atalygy anyklamagy, familiýany, ady, atasynyň adyny üýtgetmegi we ölümi bellige alnandygynyň faktyny takyklamak baradaky arza bilen kazyýete ýüz tutmak üçin raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alnan ýerindäki raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysynyň edarasy hem-de raýat ýagdaýynyň namalarynyň dikeldilmäge degişli ýazgysynyň saklanylýan ýeri bolan Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanyndaky raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysynyň Merkezi arhiwi tarapyndan berlen ilkinji ýa-da dikeldilen raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysynyň ýokdugy hakynda güwanama esas bolup duryandygyna kazylaryň ünsi çekilmelidir (Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 184-nji maddasynyň 5-nji bölegi).

Nikany baglaşmagy bellige alnandygynyň faktyny takyklamak hakyndaky arza bilen är-aýalyň ikisi hem kazyýete ýüz tutup bilerler, eger kazyýete bu

baradaky arza olaryň diňe biri tarapyndan berlen bolsa, onda är-aýalyň beýlekisi gyzyklanýan adam hökmünde işe gatnaşmaga çekilýär.

9. Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 72-nji maddasyna laýyklykda, özüni çaganyň kakasy diýip ykrar eden, ýöne çaganyň ejesi bilen nikada durmadyk adam ölen halatynda, atalygyň ykrar edilendiginiň fakty kazyýet tertibinde takyklanyp bilner (Türkmenistanyň Raýat iş ýöredişi kodeksiniň 303-nji maddasynyň 2-nji böleginiň 4-nji bendi).

Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 70-nji maddasynyň 4-nji bölegine laýyklykda, eger çaganyň atalygynyň anyklanylmagy kazyýet tertibinde geçirilen bolsa, onda atalygyň anyklanylandygy hakynda nama ýazgyda we çaganyň dogluş hakynda nama ýazgysynda çaganyň atasy hakynda maglumatlar atalygy anyklamak ýa-da atalygyň ykrar edilendiginiň faktyny takyklamak hakynda kazyýetiň çözgüdinde görkezilen maglumatlar esasynda ýazylýandygyna kazylaryň ünsüni çekmeli we kazyýetiň çözgüdiniň karara geliş böleginde çaganyň atasy baradaky maglumatlar (familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan senesi, milleti, raýatlygy we ş.m.) doly beýan edilmelidir.

10. Hukugy belleýän resminamalaryň resminamada görkezilen ady, atasynyň ady ýa-da familiýasy şol adamynyň pasportyndaky ýa-da dogluş hakyndaky şahadatnamasyndaky ady, atasynyň ady ýa-da familiýasy bilen gabat gelmeýän adama degişliliginiň faktyny takyklamak baradaky işler boýunça (Türkmenistanyň Raýat iş ýöredişi kodeksiniň 303-nji maddasynyň 2-nji böleginiň 5-nji bendi) kazyýetler arza berijiniň şol hukuk belleýän resminamanyň onuň özüne degişlidigi we şol resminamany beren guramanyň oňa degişli düzediş girizmäge mümkinçiliginiň ýokdugy baradaky subutnamalary getirip bermegini talap etmelidirler.

Jemgyýetçilik guramalarynyň agzalyk biletleriniň, harby biledиň, harby gullukçynyň şahsy şahadatnamasynyň, pasportyň, raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysy edaralary tarapyndan berilýän şahadatnamalaryň belli bir adama degişlidigi baradaky fakty takyklamak hakyndaky arzalar kazyýetde seredilmäge degişli däldirler. Kazyýet ordeniň ýa-da medalyň ýany bilen berilýän şahadatnamanyň ady, atasynyň ady ýa-da familiýasy şol şahadatnamada görkezilen at, atasynyň ady, familiýa bilen gabat gelmeýän adama degişlidigi baradaky fakty takyklamak hakyndaky arzalara seretmäge hem haksyzdyr, sebäbi bu meseleler şahadatnamany beren edara tarapyndan çözülýär. Ýöne ýaralanylandygy we ýaralanmak zerarly harby hassahanada bolnandygy baradaky kepilnamalaryň, harby bölümleriň, harby wekilleriň we beýleki harby dolandyryş edaralarynyň adamyň ölenligi ýa-da uruş hereketleri bilen baglanyşykly nam-nyşansyz ýitenligi hakyndaky habar beriş hatynyň belli bir adama degişlidigi baradaky fakty takyklamak hakyndaky işlere seretmäge haklydyr, sebäbi şeýle resminamalar şahsyýeti tassyklaýan resminamalaryň hataryna girmeýärler.

11. Gozgalmaýan emläge eýelik edendiginiň we ondan peýdalanandygynyň fakty (Türkmenistanyň Raýat iş ýöredişi kodeksiniň 303-nji maddasynyň 2-nji böleginiň 6-njy bendi), eger arza berijide şol binanyň oňa degişlidigi hakyndaky hukuk belleýän resminama bolan bolsa, ýöne ol ýitirilen we şol ýagdaý kazyýetsiz anyklanylyp bilinmejek bolsa, kazyýet tarapyndan takyklanýar. Ony esaslandyrmak

üçin, arza beriji degişli resminamany almak ýa-da ony dikeltmek mümkinçiliginiň ýokdugy hakyndaky subutnamalary getirip bermelidir. Baş-başdaklyk edilip dikeldilen binalara, şeýle hem öň bir adamyň adyna bellige alnan ýa-da degişli suratda resmileşdirilmedik geleşik boýunça edinilen binalara eýelik edendiginiň we ondan peýdalanandygynyň faktyny takyklamak kazyýetiň aýratyn iş ýörediş önümçiligi tertibinde seredilmäge degişli däldir.

12. Betbagtçylykly halatyň faktyny takyklamak (Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 303-nji maddasynyň 2-nji böleginiň 7-nji bendi), hakyndaky işlere seredilende Türkmenistanyň Prezidentiniň 2016-njy ýylyň 20-nji maýyndaky 14780-nji karary bilen tassyklanan "Önümçilikde bolan betbagtçylykly hadysalary derňemegiň we hasaba almagyň" Tertibine laýyklykda, betbagtçylyk halatlarynyň dogry we öz wagtynda derňelmegine gözegçiligiň kärdeşler arkalaşygynyň we zähmeti goramak kadalarynyň berjaý edilişine gözegçilik edýän tehniki gözegçiler tarapyndan amala aşyrylýandygyny göz öňünde tutmak zerurdyr. Şu sebäbe görä, betbagtçylykly halat hakyndaky ykrarnamany düzmekden ýa-da başga bir resminamany bermekden ýüz dönderilmegi, eger şeýle fakt tassyk bolmady diýen sebäp boýunça edilen bolsa, onda ol kazyýetde jedelleşilmäge degişli däldir, onuň üstünden kärdeşler arkalaşygy edaralaryna şikaýat getirilip bilner.

Kazyýet betbagtçylykly halatyň faktyny diňe şeýle ýagdaýda, ýagny ony kazyýetsiz takyklamak mümkinçiligine ýol berilmeýän we bu degişli resminamalar bilen tassyklanan bolsa, takyklamaga haklydyr. Betbagtçylykly halatyň faktyny takyklamak hakyndaky arza kazyýetiň önümçiligine aşakdaky ýagdaýlarda kabul edilýär, ýagny eger: betbagtçylykly halat hakyndaky ykrarnama aslynda düzülmedik bolsa we indi şeýle ykrarnama düzmek mümkin däl bolsa; ykrarnama ozal düzülen, ýöne soňra ýitirilen bolsa we ony kazyýetsiz dikeldip bolmadyk bolsa; ykrarnama düzülende betbagtçylykly halatyň faktyny ykrar etmäge päsgel berýän ýalňyşlyk goýberilen we şol ýalňyşlygy kazyýetsiz düzetmek mümkin däl bolsa, şeýle edilýär.

13. Adamyň belli bir wagtda we belli bir ýerde doglandygynyň faktyny (Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 303-nji maddasynyň 2-nji böleginiň 8-nji bendi) raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysynyň edaralarynyň dogluş faktyny bellige almakdan ýüz dönderen ýagdaýynda kazyýetde seredilmäge degişlidigini kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

"Raýat ýagdaýynyň namalary hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 26-njy maddasynyň 2-nji böleginde göz öňünde tutulan çaganyň dogluşyny döwlet tarapyndan bellige almak üçin esaslar boýunça, şeýle hem çaganyň dogluşyny döwlet tarapyndan bellige almaklygyň çaganyň dogluşynyň faktyny takyklamak hakynda kazyýetiň çözgüdi boýunça, şol Kanunyň 34-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, on alty ýaşyna ýeten çaganyň dogluşyny döwlet tarapyndan bellige almaklygyň hem kazyýetiň kanuny güýjüne giren çözgüdi esasynda geçirilýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

14. Adamyň belli bir wagtda we belli bir ýerde ölenliginiň faktyny takyklamak hakyndaky arza (Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 303-nji maddasynyň 2-nji böleginiň 9-njy bendi) ölüm wakasyny bellige almakdan raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysynyň edarasynyň ýüz dönderendigi baradaky resminamany arza beriji getirip berse, kazyýetiň önümçiligine kabul edilýär we oňa

seredilýär. Arza beriji özüniň şu fakty takyklamak hakyndaky arzasyny adamynyň belli bir wagtda we belli bir ýerde ölenligine ähtibarly şaýatlyk edýän subutnamalara salgylanyp esaslandyrmaga borçludyr.

15. Mirasyň kabul edilendiginiň we açylan ýeriniň faktyny takyklamak hakyndaky arza (Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 303-nji maddasynyň 2-nji böleginiň 10-njy bendi), eger notarial hereketleri amala aşyrýan edara arza berijä miras almak hukugy hakyndaky şahadatnamany bermäge, miras galan emläge hakykat ýüzünde eýelik etmäge girişilendigi baradaky ýagdaý notarial tertipde tassyklamak üçin zerur bolan degişli resminamalaryň ýokdugy ýa-da ýeterlik däldigi sebäpli haksyz bolsa, kazyýet tarapyndan aýratyn iş ýörediş önümçiligi tertibinde seredilip bilner. Eger degişli resminamalaryň getirip berlendigine garamazdan, miras almak hukugy hakyndaky şahadatnamany bermekden ýüz dönderilen bolsa, onda gyzyklanýan adam mirasyň kabul edilendiginiň we mirasyň açylan ýeriniň faktyny takyklamak hakyndaky arza bilen däl-de, eýsem notarial hereketi amala aşyrmakdan ýüz dönderilendigine şikaýat bilen kazyýete ýüz tutmaga haklydyr (Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 292-nji maddasy).

Mirasyň kabul edilendiginiň we açylan ýeriniň faktyny takyklamak hakyndaky çözgüt çykarylanda, Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 1222-nji, 1227-nji maddalaryndaky görkezmeler gollanylmalydyr. Mirasdar miras galdyrylan emlägi dolandyrmaga ýa-da oňa eýelik etmäge hakykat ýüzünde girişen wagtynda ýa-da notarial hereketleri amala aşyrýan edara miras kabul etmek hakynda bellenen möhletiň içinde arza beren wagtynda, mirasdar mirasy kabul eden diýip hasap edilýär. Miras galdyryjynyň iň soňky hemişelik ýaşan ýeri, eger ol näbelli bolsa, onda emlägiň ýa-da onuň esasy böleginiň ýerleşýän ýeri mirasyň açylan ýeri diýip hasap edilýär.

Mirasyň kabul edilendiginiň fakty arza berijiden başga mirasdar bolmadyk ýa-da olaryň mirasdan ýüz dönderen halatlarynda aýratyn önümçilik tertibinde takyklanyp bilinýändigini kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

16. Kazyýet tertibinde takyklamaga degişli diýip, Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 303-nji maddasyndaky getirilen faktlaryň sanawynyň gutarnykly däldigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli. Kazyýetler ýuridik ähmiýeti bolan beýleki faktlary hem takyklamaga haklydyrlar (Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 303-nji maddasynyň 2-nji böleginiň 11-nji bendi), meselem, 1968-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan öň resmileşdirilen nikada durmaýan adamlardan bolan çagalar babatynda atasyny anyklamak, atasydygy baradaky ýagdaýy, atasydygynyň bellige alnandygy baradaky faktlary takyklamaga haklydyrlar.

Ýöne iş döwrüni (pensiýa,döwlet kömek puluny bellemek, pensiýa goşulýan goşmaça tölegleri we döwlet kömek puluna goşmaça tölegleri, şeýle hem birwagtlaýyn pul sylaglarynywe birwagtlaýyn pul kömeginitölemek,zähmet hakyna goşmaça höweslendiriş häsiýetli tölegleri tölemek we hasaplap çykarmakwe ş.m. maksatlar üçin); işe ukyplylygyň peselmeginiň ýa-da ýitirilmeginiň sebäplerini we derejesini; maýyplygyň toparyny we onuň ýüze çykan wagtyny; Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinde harby gullugyň geçilen wagtyny; söweşde bolanlygyny; partizançylyk otrýadynda bolanlygyny; Watany goramak ugrundaky söweşde ýa-da beýleki harby gulluk borçlary ýerine ýetirilende ýaralananlygyny, kontuziýa (güň

bolmaklyga) sezewar bolanlygyny; raýatlaryň ýaşyny; okuw jaýynyň gutarylanlygyny kazyýet tertibinde takyklamaga degişli däldir.

Ýene bir mysal: hakykat ýüzünde nika gatnaşyklarynda bolnanlyk fakty, eger şol gatnaşyklar 1944-nji ýylyň 8-nji iýulyndan öň dörän we şeýle gatnaşyklarda bolan adamlaryň biriniň ölen gününe (ýa-da uruş hereketleri bilen baglanyşykly nam-nyşansyz ýiten gününe) çenli dowam eden bolsa, takyklanyp bilinýär. Şeýle ýagdaýda arza berijiniň haýyşy boýunça şu fakty takyklamak bilen bir wagtyň özünde, arza berijiniň şol ölen adamyň ýa-da nam-nyşansyz ýiten adamyň eklenjinde bolandygy baradaky fakty hem takyklanyp bilner. Hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, kazyýetler 1944-nji ýylyň 8-nji iýulyndan soň dörän hakykat ýüzündäki nika gatnaşyklarynda bolnanlyk faktyny takyklamak baradaky arzalara seretmäge haksyzdyrlar.

Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 106-njy maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda, käbir halatlarda, perzentlige alanyň we perzentlige alynýanyň arasynda ata-ene bilen çaganyň arasyndaky ýaly gatnaşyklaryň hakykatdan hem öň bardygy kazyýet tarapyndan anyklanylsa, kämillik ýaşyna ýetenden soň hem adamy perzentlige almagyň geçirilip bilinýändigini nazara alyp, Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 303-nji maddasynyň 2-nji böleginiň 11-nji bendine laýyklykda, ýagny diňe ýuridik ähmiýeti bolan beýleki faktlary takyklamak görnüşinde seredilýändigine kazylaryň ünsi çekilmelidir.

Şunda kazyýetiň çözgüdinde Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 108-nji maddasynyň 9-njy böleginde göz öňünde tutulan, Kodeksiň 106-njy maddasynyň üçünji bölegine laýyklykda, ata-ene bilen çaganyň arasyndaky ýaly gatnaşyklaryň hakykatdan hem öň bardygy kazyýet tarapyndan anyklanylsa, kämillik ýaşyna ýeten adamy perzentlige almak ony perzentlige almak isleýän adamyň (adamlaryň) arzasy we kazyýetiň çözgüdi esasynda geçirilýändigine, şunda kazyýetiň çözgüdinde, Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 116-119-njy maddalaryna laýyklykda, häkimiň çaganyň perzentlige alynmagy hakynda kararynda görkezilmegi talap edilýän maglumatlaryň görkezilýändigine üns bermelidir. Şeýle ýagdaýda perzentlige almak isleýän adamlaryň diri bolmagy hökmany şertdir.

17. Ýuridik ähmiýeti bolan faktlary takyklamak hakyndaky arzalar kabul edilende, kazy şol fakty takyklamagyň kazyýetlere degişlidigini, arza beräniň şeýle arza bilen kazyýete ýüz tutmaga hukugynyň bardygyny-ýokdugyny barlamaga, şol fakty tassyklaýan degişli resminamany alyp bolmaýanlygyna ýa-da ýitirilen resminamany dikeltmek mümkinçiliginiň ýokdugyna şaýatlyk edýän, şeýle hem şol fakty tassyklaýan ýazmaça subutnamalary talap etmäge borçludyr.

18. Ýuridik ähmiýeti bolan faktlary takyklamak baradaky işler onuň bilen gyzyklanýan adamlaryň öz arzalary boýunça, şonuň ýaly-da başga adamlaryň bähbitlerini gorap kazyýete ýüz tutmaga kanun boýunça hukugy bolan şahslaryň arzalary bilen gozgalyp bilner. Mysal üçin: atalygyň ykrar edilendiginiň faktyny ýa-da atasyny anyklamak baradaky arza bilen diňe bir çaganyň enesi we kämillik ýaşyna ýetenden soň çaganyň özi däl-de, eýsem onuň hossary (howandary), şeýle hem arza bilen kazyýete ýüz tutmaga kanun tarapyndan hukuk berlen başga adamlar hem kazyýete ýüz tutup bilerler. Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 16-njy maddasynyň 1-nji böleginiň 2-nji bendine laýyklykda, şu kodeksiň 9-njy

maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, prokuror raýatlaryň hukuklaryny (kämillik ukyby bolmadyklaryň, kämillik ukyby çäklendirilenleriň ýa-da kämillik ukyby bolanlaryň, ýöne fiziki ýagdaýyna görä (garrylygy, kesellidigi boýunça we ş.m.) öz hukuklaryny özbaşdak amala aşyrmaga we öz borçlaryny ýerine ýetirmäge ukypsyzlaryň), jemgyýetçilik we döwlet bähbitlerini goramak üçin öz üstüne ýüklenen borçlary amala aşyrmak maksady biilen hak islegi (arza) bilen kazyýete ýüz tutmaga haklydyr.

Eger kazyýete arza beriji tarapyndan ýuridik ähmiýeti bolan faktlaryň birnäçesini takyklamak barada arzalar berlen bolsa, onda Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 172-nji maddasyna laýyklykda, şol arzalaryň hemmesi birleşdirilip we bir önümçilikde seredilip bilner. Başga talaplar şu önümçilikde seredilmäge degişli däldir.

19. Jedelsiz ýurisdiksiýanyň işleri boýunça kazyýet önümçiligi tertibinde gozgalan işler Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 30-36-njy baplarynda göz öňünde tutulan alynmalar we goşmaçalar bilen kazyýet önümçiliginiň umumy düzgünleri boýunça kazyýetler tarapyndan seredilýändigine kazylaryň ünsüni çekmeli.

Eger ýuridik ähmiýeti bolan faktyň takyklanmagy baradaky arza kanun boýunça kazyýetlerde seredilmäge degişli däl bolsa, onda kazy delillendirilen kesgitnama bilen ony kabul etmekden ýüz dönderýär, eger iş gozgalan bolsa, onda şol iş boýunça önümçiligi kazyýetiň kesgitnamasy bilen bes edýär (Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 153-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 1-nji bendi we 259-njy maddasynyň 1-nji bendi).

20. Ýuridik ähmiýeti bolan faktlary takyklamak baradaky işlere kazyýet tarapyndan Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 301-319-njy maddalarynda göz öňünde tutulan tertipde, arza berijiniň we gyzyklanýan adamlaryň, degişli guramalaryň (durmuş taýdan üpjünçilik edaralarynyň, maliýe edaralarynyň, harby wekilliklerіň we ş.m.) gatnaşmagynda seredilýär.

Işe gatnaşmaga çekilen gyzyklanýan adamlar kazyýet tarapyndan seredilýänýuridikähmiýeti bolanfaktlary takyklamak hakyndaky arzanyň esaslydygyny ýa-da esassyzdygyny tassyklamak üçin subutnamalar getirip görkezmäge, işiň ýagdaýlaryny barlamaga gatnaşmaga, çykarylan çözgüdiň üstünden şikaýat bermäge we Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 117-nji maddasynda görkezilen beýleki iş ýörediş hereketleri etmäge haklydyr.

21. Eger ýuridik ähmiýeti bolan faktlary takyklamak hakyndaky işe seredilende gyzyklanýan şahslar tarapyndan kazyýetiň seretmegine degişli hukuk hakynda jedel gozgalsa ýa-da kazyýetiň özi şu işde ýuridik ähmiýeti bolan faktlary takyklamaklyk kazyýet tertibinde çözülmegi zerur bolan hukuk jedeli bilen bagly diýip netijä gelse, onda berlen arza seredilmän galdyrylýar. Şeýle halatda arza berijä we beýleki gyzyklanýan adamlara olaryň umumy esaslarda kazyýete hak islegini bildirip bilýändikleri düşündirilýär (Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 302-nji maddanyň 3-nji bölegi).

22. Raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyna üýtgetmeler, goşmaçalar we (ýa-da) düzedişler girizmekden raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysynyň edaralarynyň ýüz döndermegine şikaýatlara ýuridik ähmiýeti bolan fakty

takyklamak tertibinde däl-de, eýsem Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 289-291-nji maddalarynyň düzgünleri boýunça, ýagny hukuk hakynda jedel ýok hem bolsa, ozal geçirilen ýazga üýtgetmeler, goşmaçalar we (ýa-da) düzedişler girizmekden raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysynyň edaralarynyň ýüz dönderen mahalynda seredilýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli. Şunda Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 290-njy maddasyna laýyklykda, raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysynyň edarasynyň raýat ýagdaýy namalarynyň ýazgysyna üýtgetmeleri, goşmaçalary we düzedişleri girizmekden ýüz döndermek hakyndaky netijenamasynyň bolmalydygy göz öňünde tutulmalydyr.

23. Ýuridik ähmiýeti bolan fakty takyklamak hakyndaky iş boýunça çykarylan çözgüt, Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 237-nji maddasynda göz öňünde tutulan talaplaryň ähliisini kanagatlandyrar ýaly bolmalydyr. Çözgütde işi çözmek üçin ähmiýeti bolan ýagdaýlar barada gelnen netijäni tassyklaýan subutnamalar getirilip görkezilmelidir we arza kanagatlandyrylan mahalynda bolsa, anyklanan fakt takyk beýan edilmelidir (Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 307-nji maddasynyň 1-nji bölegi).

Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 21-nji maddasyna laýyklykda, kazyýetiň ýuridik ähmiýeti bolan fakty takyklamak hakyndaky kanuny güýje giren çözgüdi şeýle ýagdaýlary bellige alýan ýa-da kazyýet tarapyndan anyklanan fakt bilen baglylykda döreýän hukuklary resmileşdirýän edaralar üçin hökmandyr.

Kazyýetiň raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysynyň edaralarynda ýa-da beýleki edaralarda bellige alynmaga degişli fakty takyklandygy hakyndaky çözgüdi, şol edaralar tarapyndan berilýän resminamanyň ýerini tutmaýar, ol diňe şeýle resminamalary almak üçin esas bolup hyzmat edýär.

24. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň raýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri aşaky kazyýetler tarapyndan ýuridik ähmiýeti bolan faktlary takyklamak baradaky raýat işleriň seredilişine kazyýet gözegçiligi yzygiderli alyp barmalydyrlar we kanunçylygyň dogry ulanylmagyny üpjün etmek maksady bilen, bu görnüşli işler boýunça iş tejribäni wagtal-wagtal umumylaşdyryp, ýol berlen kemçilikleriň gaýtalanmazlygy üçin degişli çäreleri görmelidirler, şol sanda kazyýetlere zerur amaly kömekleri hem bermelidirler.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy B.Çaryýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy Ş.Haýytow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

KARARY № 2

2017-nji ýylyň 26-njy awgusty Aşgabat şäheri

Harby jenaýatlar boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda

(14.04.2018 ý. № 3; 24.07.2021 ý. № 7; 18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3; 19.07.2025 ý. № 4; 18.10.2025 ý. № 10; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Harby jenaýatlar üçin jogapkärçilik baradaky kanunçylygyň birmeňzeş, dogry ulanylmagyny üpjün etmek maksady bilen we kazyýet iş tejribesinde ýüze çykan meseleler boýunça kazyýetlere düşündiriş bermegiň zerurdygy sebäpli, "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy,

KARAR EDÝÄR:

1. Harby jenaýatlaryň obýektiniň Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinde, Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugynyň serhet goşunlarynda, Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň içerki goşunlarynda, Türkmenistanyň Prezidentiniň Howpsuzlyk gullugynyň, Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk ministrliginiň, Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň, Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň edaralarynda, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, döredilýän ýörite harby düzümlerinde harby gullugyny geçýän harby gullukçylar, şeýle-de harby ýygnanyşyklar geçýän wagtynda ätiýaçlykdaky raýatlar tarapyndan amala aşyrylýan harby gullugy geçmegiň kanunda bellenen tertibidigini kazyýetlere düşündirmeli.

2. Harby jenaýatlaryň subýekti diňe ýokarda agzalan goşunlarda harby gullugy geçýän harby gullukçylar hem-de harby ýygnanyşyklar geçýän wagtynda ätiýaçlykdaky raýatlardyr.

Eger-de etmiş harby gullugy geçen ýa-da harby ýygnanyşyklarda bolan döwründe amala aşyrylan bolsa we jenaýat jogapkärçiligine çekmegiň wagt möhleti dolmadyk bolsa, şahs harby gullugy geçenden soň hem harby jenaýatlaryň subýekti hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekilmäge degişlidir.

3. Çagyryş boýunça harby gullugy geçmäge çagyrmagyň we harby gullugy geçmekden boşatmagyň tertibi degişli kanunlar, Türkmenistanyň Prezidentiniň Permanlary we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalar arkaly kesgitlenýär.

"Hukuk namalary hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 20-nji maddasynyň üçünji böleginiň talaplaryna laýyklykda, deň ýuridik güýji we düzgünleşdirýän ýeke-täk jemgyýetçilik gatnaşyklary bolan kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň

kadalarynyň arasynda garşylyk bolan halatynda has soňky wagtda herekete girizilen kadalaşdyryjy hukuk namasynyň kadalary hereket edýär.

4. “Harby borçlulyk we harby gulluk hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 35-nji maddasyna laýyklykda, harby gullugyň başlanýan güni raýatyň harby wekilligiň çagyryş nokadyndan gulluga gaýdan güni hasap edilýär. Harby gullukçynyň harby bölümiň şahsy düzümininiň sanawyndan çykarylyp, harby bölüm tarapyndan berlen buýruk hatyndaky kesgitlenilen möhletde ýaşaýan ýeriniň harby wekilliginde harby hasaba duran güni harby gullugyň tamamlanan güni hasaplanylýar.

Harby ýygnanyşyklaryň geçilen döwri raýatyň harby gullugynyň umumy dowamlylygyna goşulýar.

5. Jenaýat iş ýöredişini alyp barýan edara Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 34-nji babynyň harby jenaýatlar baradaky birnäçe maddalarynyň dispozisiýalarynda blanket (şahsyň amala aşyran jenaýatynyň haýsy gullukda bolandygyna salgylanma) görnüşli bolup durýandygyny, şonuň üçin hem her bir anyk iş boýunça şahs harby jenaýat üçin jogapkärçilige çekilende, harby gullugy geçmegiň hem umumy tertipnamalaryň, hem-de gije-gündizleýin tabşyrykda (nobatçylykda), garawulçylyk gullugynda, serhet gullugynda, söweş nobatçylygynda we jemgyýetçilik tertibini goramak we jemgyýetçilik howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça gullukda, içerki gullugy ýerine ýetirmekde we garnizonda patrullyk etmekde, şeýle-de kanun tarapyndan harby gulluk göz öňünde tutulan beýleki ýerlerde wakanyň bolandygyna baglylykda, şoňa degişli tertipnamalaryň we beýleki kadalaşdyryjy namalaryň haýsy düzgünleriniň bozulandygyny anyklamak möhümdir.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 17-nji maddasynyň üçünji bölegine laýyklykda, jenaýat işini alyp barýan edara haýsy kadanyň umumydygyny, haýsysynyň bolsa ýöritedigini ýüze çykarmagyň zerurdygyny, harby jenaýatlar maddalaşdyrylanda ýörite kadalaryň ulanylmalydygyny kazyýetlere düşündirmeli. Eger jenaýat jogapkärçiligi umumy we ýörite kadada göz öňünde tutulan bolsa, jenaýatlaryň umumy jemi maddalaşdyrylman, jogapkärçilik ýörite kada boýunça maddalaşdyrylýar.

6. Harby jenaýatlar beýleki jenaýatlardan günäkäriň niýetiniň nämä gönükdirilendigi bilen baglylykda tapawutlandyrylmalydyr. Şonuň üçin hem harby gullukçynyň harby gullugy geçmegiň bellenen tertibini bozmagy bilen bagly etmişi, eger ol Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň harby jenaýatlara degişli babynda göz öňünde tutulan bolsa, harby jenaýatlardyr.

Harby gullukçylaryň arasynda tabynlyk gatnaşyklarynyň ýok mahalynda olaryň arasyndaky özara gatnaşyklaryň tertipnamalaýyn düzgünleriniň bozulmagy diýip, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 388-nji maddasynyň dispozisiýasynda göz öňünde tutulan bir harby gullukçynyň beýleki harby gullukçy babatda gulluk ýa-da hiç bolmanda olaryň biri tarapyndan gulluk borçlarynyň ýerine ýetirilmegi bilen baglylykda harby bölümiň düzgünlerini gödek bozmak bilen bilelikde amala aşyran zorlugyna, ýagny jebir çekeniň saglygyna orta agyrlykda zyýan ýetirmegine ýa-da masgaralamagyna düşünilýär. Zorluk-urmakda, fiziki agyrtmakda, şeýle hem masgaralamakda, mertebesini kemsitmekde, iýmit önümlerini, harby geýimleri, zat

we beýleki üpjünçilik närseleri (predmetleri) hökmünde harby gullukça berlen zatlary mejbury çalyşmakda ýa-da almakda ýüze çykyp biler.

Harby gullugy geçmegiň bellenilen tertibiniň garşysyna kast etmek bilen bagly bolmadyk emläkleýin, nika-maşgala we beýleki raýat hukuk gatnaşyklarynyň we borçlarynyň esasynda ýüze çykýan jenaýatçylykly etmişler Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň harby gulluga degişli bolmadyk maddalary bilen maddalaşdyrylmaga degişlidir.

7. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 388-nji maddasy boýunça maddalaşdyrylmagynyň hökmany şerti bu jebir çekeniň we günäkäriň aralarynda tabynlyk gatnaşyklarynyň ýoklugydyr, ýagny olaryň wezipe boýunça hem harby ady boýunça hem biri-beýlekisiniň tabynlygynda bolmaly däldigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 388-nji maddasynyň ikinji böleginiň "a" bendinde göz öňünde tutulan "gaýtadan" alamaty boýunça maddalaşdyrmak meselesi çözülende, eger-de harby gullukçylaryň özara gatnaşyklarynyň tertipnamalaýyn düzgünleriniň iki ýa-da ondan-da köp bozulandygy anyklanylan bolsa, şeýle-de ozal amala aşyrylan etmiş üçin şahs jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmadyk bolsa we bu etmiş üçin jenaýat jogapkärçiligine çekmegiň wagt möhleti geçmedik bolsa ýa-da iş kesilenlik aýyby öz-özünden aýrylan ýa-da aýrylan bolmasa, onda "gaýtadan" alamaty boýunça maddalaşdyrylýar.

Şol bir şahs babatda dürli wagtlarda amala aşyrylan etmişler hem, bir obýekte kast edilýän hem bir maksada eýerýän bolsa, ýagny uzaga çekýän jenaýat bolsa, jenaýatyň gaýtadan edilendigine esas bolup bilmez.

Eger-de şeýle etmişler iki ýa-da köp adam babatda şol bir wagtda, şeýle hem dürli wagtlarda amala aşyrylan bolsa-da bu hereketler dowamly bolup, bir niýeti gurşap alýan bolsa, ýöne dürli sebäpler bilen bir wagtyň özünde amala aşyrylmadyk hem-de ýeke-täk niýeti gurşap alýan we umumy maksada eýerýän birmeňzeş etmişleriň birnäçesiniň edilýändigi sebäpli, diňe Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 388-nji maddasynyň ikinji böleginiň "b" bendi boýunça maddalaşdyrylmaga degişlidir. Şunda kazyýetler günäkäriň niýetiniň nämä gönügenligini, amala aşyrylan jenaýatyň anyk ýagdaýlaryny we delillerini, dürli jebir çekenler babatda amala aşyrylan etmişleriň arasyndaky wagt taýdan üzülmegiň dowamlylygyny, sebäplerini we ş.m. anyklamalydyrlar.

8. Harby jenaýatyň deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan edilendigi kesgitlenende Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 31-nji maddasynda göz öňünde tutulanlardan ugur alynmalydyr. Şunda harby jenaýata gatnaşan adamlaryň biri-birine tabynlygynyň ähmiýeti ýokdur. Oňa iki ýa-da köp harby gullukçy gatnaşan halatynda, şeýle hem olar bilen birlikde harby gullukçy bolmadyk adam gatnaşan bolsa hem, olaryň hereketleri harby jenaýaty amala aşyrmaga şärikler bolup gatnaşan hökmünde maddalaşdyrylmalydyr.

9. Haçan-da ýolbaşçynyň gulluk ýagdaýy boýunça özüne deň harby gullukçy babatynda tertipnamalaýyn däl hereketler edende onuň bu etmişine olaryň ikisiniň hem tabynlygynda duran şahs goşulyp, ýolbaşçy babatda zorluk etse, onda ýolbaşçynyň hereketleri Türkmenistanyň JK-nyň 388-nji maddasynyň degişli bölekleri bilen, tabynlykdakynyň hereketleri bolsa, olaryň haýsy biriniň jenaýatyň

guramaçysy bolandygyna ýa-da başlandygyna garamazdan, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 387-nji maddasynyň degişli bölekleri bilen maddalaşdyrylmalydyr.

Eger-de ýolbaşçy, özüne tabyn harby gullukçy babatda ýokarda görkezilen hereketleri edende, oňa jebir çeken bilen deň gulluk ýagdaýyndaky adam goşulyp, ýaranlyk eden bolsa, onuň hereketleri wezipe bilen bagly jenaýatlara şäriklik ediji, ýolbaşçynyň jenaýatçylykly hereketlerine gönüden-göni gatnaşan halatynda bolsa, bile ýerine ýetiriji hökmünde maddalaşdyrylýar.

10. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 386-njy we 387-nji maddalarynyň ikinji böleginiň "b" bentlerinde we 388-nji maddasynyň 3-nji böleginde göz öňünde tutulýan harby jenaýatyň "Ýarag ulanmak arkaly amala aşyrylmagy" diýlip, günäkäriň özünde bar bolan söweşjeň ýaragy zorlugyň serişdesi hökmünde ýa-da gorkuzmak üçin garşylyk görkezýän adama ýa-da gulluk borçlaryny bozmaga mejbur edýän adamy babatda ulanmagyna düşünmeli. Şonuň üçin bu hereketiň maddalaşdyryş alamaty ýarag hakykat ýüzünde zorluk üçin ulanylanda, şeýle hem ýarag gorkuzyp, haýbat atmagyň serişdesi hökmünde ulanylanda hem ýüze çykýar. Mysal üçin, gorkuzmak üçin naýza-pyçagy galgatmak, sapançadan asmana atmak we ş.m. bolup biler.

"Ýarag hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 3-nji maddasyna laýyklykda, "ýarag – gurluş taýdan janly ýa-da başga nyşanany urmak, duýduryşlary bermek üçin niýetlenen enjamlar ýa-da närseler" diýip kesgitlenendigini kazyýetler ünsden düşürmeli däldirler. Hojalyk ýa-da beýleki maksatly ähli kysymdaky predmetleriň (närseleriň) ulanylmagy (çakgy ýa-da aşhana pyçagy, palta, taýak we ş.m.) ýarag ulanmak arkaly harby jenaýaty amala aşyrmak alamaty boýunça maddalaşdyrmaga esas bermeýär.

11. Ýokarda görkezilen maddalarda, şeýle-de Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 393-396-njy, 399-njy we 407–nji maddalarynyň 2-nji böleklerinde we 397-nji, 400-nji, 402-nji, 404-nji, 405-nji maddalarynyň 1-nji böleklerinde, şeýle-de 406-njy maddasynyň 3-nji böleginde bellenen "Agyr netijelere getirmeklige" her bir wakanyň anyk ýagdaýlary göz öňüne tutulyp, jebir çekeniň saglyga bilkastlaýyn agyr zyýan ýetirilmegi, şol sanda seresapsyzlykdan onuň ölmegine getirmegi, söweşjeň wezipäniň ýerine ýetirilmeginiň bökdenilmegi, heläkçiligiň ýa-da pajygaly hadysanyň (awariýanyň) bolmagy, söweş tehnikasynyň hatardan çykarylmagy, aýratyn uly möçberde maddy zyýan ýetirilmegi we ş.m. degişli bolup biler.

Şeýle netijeler bilkastlaýyn agyr zyýan ýetirilmeginden başgasy Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň ýokarda görkezilen maddalarynyň dispozisiýalary gurşap alýar we jenaýatyň beýleki düzümleri boýunça goşmaça maddalaşdyrylmagy talap etmeýär.

Eger harby jenaýat edilende günäkäriň hereketleri adamy bilkastlaýyn öldürmek ýa-da saglyga bilkastlaýyn agyr zyýan ýetirilmegi bilen baglanyşykly bolsa, onda olar Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 101-nji maddasy we 107-nji maddasy bilen bilelikde maddalaşdyrylýar. Çünki amala aşyrylan jenaýatlaryň has agyryny ondan ýeňili gurşap alyp bilmez. Şeýle-de şu Kararyň 19-njy bendiniň 2-nji tesiminde şolar ýaly ýagdaýlarda harby jenaýatlaryň amala aşyrylmagy

adamyň bilkaslaýyn öldürilmegi ýa-da onuň saglygyna agyr zyýan ýetirilmegi bilen bagly bolan halatynda şol hereketleriň soňky görkezilen maddalar bilen bilelikde maddalaşdyrylýandygy barada görkezilýär. Harby jenaýat ýolbaşçynyň ýa-da wezipeli adamyň wezipe ygtyýarlyklarynyň çäginden çykmak arkaly edilip, bu jebir çekeniň jany we saglygy üçin agyr netijelere getiren ýagdaýynda hem şu düzgün boýunça (Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 406-njy maddasy) maddalaşdyrylmalydyr.

12. Jebir çeken bilen günäkäriň aralarynda tabynlyk gatnaşyklarynyň ýoklugynda (Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 388-nji maddasy), şeýle-de ýolbaşçy ýa-da wezipeli adam tarapyndan jebir çekeniň şahsy zatlaryny almak bilen baglanyşykly (Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 406-njy maddasy) jenaýatlar amala aşyrylanda, bu jenaýatlar harby we eýeçilige garşy jenaýatlar üçin jogapkärçiligi göz öňünde tutýan jenaýatlaryň jemi boýunça maddalaşdyrylmaga degişlidir.

Eger-de zorluk ýa-da ony ulanmak haýbatyny atmak harby gullukça harby gulluk döwründe berlen zatlary ýa-da harby geýimleri almak bilen bagly bolan bolsa, onda şeýle hereketler eger-de eýelemek niýeti bolmadyk bolsa, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň diňe harby jenaýat üçin jopgapkärçiligi göz öňünde tutýan (Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 388-nji ýa-da 406-njy) maddalary bilen maddalaşdyrmak ýeterlikdir.

13. Harby gulluk borjuny ýerine ýetirýän wagtynda ýa-da ýerine ýetirmegi bilen baglylykda bir harby gullukçy tarapyndan beýleki bir harby gullukçynyň masgaralanmagy diýip jebir çekeniň abraýynyň, harby adynyň we mertebesiniň ýekelikde ýa-da jemagat öňünde pese düşürilmegine, kemsidilmegine we şeýle hereketleriň dilden, ýazmaça ýa-da hereket görnüşinde bolýandygyna düşünilmelidir.

Eger-de masgaralamak harby gullukçylaryň arasyndaky şahsy gatnaşyklaryň esasynda amala aşyrylan bolsa we harby gullugy ýerine ýetirmek bilen bagly bolmasa, ol harby jenaýat diýip bilinmez we masgaralamak hökmünde administratiw etmiş hökmünde seredilmäge degişlidir. Şunda Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksiniň 29-njy maddasyna laýyklykda, olara administratiw taýdan tussag etmek, çagyryş boýunça harby gullukçylara bolsa, administratiw jerime bermek hem ulanylyp bilinmeýändigini kazy ünsden düşürmeli däldir.

Masgaralamak günäkäriň zorlukly we zorlukly däl hereketleri bilen amala aşyrylyp bilner. Zorlukly däl hereketler bu jebir çekene aktiw fiziki täsir etmezden masgaralamakdyr (dilden ýa-da ýazmaça hapa-paýyş sögünmek, tüýkürmek, haýasyz hereketler, kemsidiji şekiller, suratlar ýaýratmak we ş.m.).

Masgaralamak saglyga zyýan ýetirmek bilen bagly bolmadyk, şahsy mertebesini kemsitmek arkaly ahlak taýdan zyýan ýetirmäge gönükdirilen zorlukly hereketler hem bolup biler, ýagny jebir çekeniň gerdenligini (pagonyny) goparmak, harby lybasyny zaýalamak, başgabyny sypyryp almak ýaly hereketler.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 389-nji maddasynda görkezilen etmiş jebir çekeniň özi babatynda abraýyny we mertebesini depeleýän kemsidiji hereketleriň edilendigini bilen ýa-da bilmeli bolan (aýan bolan) pursadyndan

gutarnykly diýlip hasaplanýar. Eger-de günäkär şol hereketleriň mertebesi kemsidilýän harby gullukça hiç bir ýagdaýda mälim bolmajakdygyny anyk bilse, agzalan hereketler jenaýatyň düzümini emele getirmeýär.

14. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 390-njy maddasynyň düzüminiň subýektiw tarapynyň hökmany alamaty günäkäriň gulluk edýän bölümini ýa-da ýerini birugsat taşlap gitmegine, şonuň ýaly-da bölümden rugsatly goýberilende, bir ýere bellenilende, başga bir ýere geçirilende, gulluk saparyndan, rugsatdan gullugyna esasly sebäbi bolmazdan gaýdyp gelmezligine ýa-da bejeriş edarasyndan çagyryş boýunça harby gullugyny geçýän harby gullukçylaryň niýetiniň üç günden köp, ýöne on günden köp bolmadyk dowamlylykda gelmezligine gönükdirilenligi bolup durýar.

Harby gullukçy tarapyndan öz erkine harby bölümi ýa-da gulluk edýän ýerini taşlap gitmegiň başlanan wagty onuň harby bölümiň ýa-da gulluk edýän ýeriniň çäginden çykan pursaty, şonuň ýaly-da, onuň bellenen möhletde gulluk edýän ýerine gaýdyp gelmedik pursaty, tamamlanan wagty bolsa harby gullukçynyň özüniň harby bölüme ýa-da gulluk edýän ýerine gaýdyp gelmegi ýa-da onuň saklanan pursaty bolup durýar.

Harby gullugy geçmekden boýun gaçyrýan adamyň munuň bilen bagly bolmadyk haýsydyr bir şahsy ýa-da beýleki deliller bilen harby bölümiň ygtyýarynda wagtlaýyn peýda bolmagy öz erkine harby bölümi ýa-da gulluk edýän ýerini taşlap gaýtmagyň dowamlylygynyň arasyny üzmeýär.

15. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 391-nji maddasynda göz öňünde tutulan “Gaçgaklygy” Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 390-njy maddasynda göz öňünde tutulan günäkäriň gulluk edýän bölümini ýa-da ýerini birugsat taşlap gitmeginden tapawutlandyrmak zerurdyr. Çünki gaçgaklykda günäkäriň maksady harby gullugy geçmekden bütinleý boýun gaçyrmak bolup durýar, gulluk edýän ýerini birugsat taşlap gaýtmak bolsa harby gullugy geçmekden wagtlaýyn boýun towlamak maksady bilen amala aşyrylýandygyny kazyýetler üns merkezinde saklamalydyrlar.

Gaçgaklyk haçan-da subýekt hakykat ýüzünde harby gullukdan boýun gaçyryp, harby bölümiň ýa-da gulluk edýän ýeriniň çägini taşlap gaýdan ýa-da bellenen möhletde gaýdyp gelmedik pursatyndan başlanýar. Gaçgaklykda harby gullukdan boýun gaçyrmagyň delilleri we dowamlylygy jenaýatyň maddalaşdyrylmagyna täsiri ýokdur.

Gaçgaklyk uzaga çekýän jenaýat bolup onuň dowamlylygy harby gullukçynyň harby bölüme meýletin, şeýle-de günäsini boýun alyp gelen ýa-da saklanan pursatyndan kesilen hasaplanýar.

Meýletin harby bölüme ýa-da gulluk edilýän ýere gaýdyp gelmek ýa-da günäni boýun alyp gelmek Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 391-nji maddasynyň belliginde görkezilen ýagdaýdan başga halatlarda jenaýat jogapkärçiligini aradan aýyrmaýar, ýöne jeza bellenende göz öňünde tutulyp bilner.

16. Gulluk boýunça ynanylan ýarag diýip, harby gullukçynyň üstüne ýüklenen gulluk borçlaryny ýerine ýetirmek üçin kanuny esaslarda we bellenilen tertipde oňa berlen ot açýan ýaraglara we Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinde, beýleki goşunlarynda we harby edaralarynda ýaraglanyşyga kanunalaýyk kabul

edilen beýleki ýaraglara düşünmelidir. Harby gullukçy tarapyndan özüne ýarag hökmünde berkidilen sowuk ýarag (ot açýan ýaragyň pyçagy, beýleki ýörite goşun we kelte deňiz gamasy) arkaly amala aşyrylan gaçgaklyk hem Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 391-nji maddasynyň ikinji bölegi bilen maddalaşdyrylmalydyr.

Eger-de harby gullukçy özüne gulluk boýunça ynanylan ýarag bilen gaçgaklyk etmedik bolsa, onda bu ýagdaý Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 391-nji maddasynyň ikinji böleginiň düzümini emele getirmeýär. Harby gullukçy tarapyndan bikanun edinilen, satylan, saklanylan, äkidilen, iberilen ýa-da ýanynda göterilen başga ýarag bilen gaçgaklyk edilende onuň hereketleri Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 391-nji maddasynyň birinji bölegi we Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 322-nji maddasy (Ýaragyň, ok-därileriň, partlaýjy maddalaryň ýa-da partladyjy enjamlaryň bikanun edinilmegi, satylmagy, saklanylmagy, äkidilmegi, iberilmegi ýa-da ýanynda göterilmegi) boýunça goşmaça maddalaşdyrylmalydyr. Şeýle-de harby gullukçy özüniň ýasan, ogurlan ýa-da gorkuzyp alan ýaragy bilen gaçgaklyk etse, onuň hereketleri Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 391-nji maddasynyň birinji bölegi we degişlilikde Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 323-nji we 326-njy maddalarynyň degişli bölekleri boýunça goşmaça maddalaşdyrylmalydyr.

Eger ynanylan ýaragy bikanun alyp giden gaçgak harby gullukçy ynanylan ýaragy satsa ýa-da başga biriniň eýeçiligine berse, onda ol hereketler ynanylan emlägiň bikanun eýelenmegi hökmünde seredilip, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 250-nji maddasynyň degişli bölegi bilen goşmaça maddalaşdyrylmaga degişlidir.

17. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 390-njy we 391-nji maddalarynyň belliklerinde görkezilen ýagdaýlaryň esasynda jenaýat jogapkärçiliginden boşatmak baradaky mesele kazyýet tarapyndan her bir anyk ýagdaýda aýratynlykda, işiň ähli ýagdaýlaryna we günäkäriň şahsyýetine baglylykda çözülmelidir.

Agyr ýagdaýlaryň bolup geçmegi hökmünde harby gullugy geçmek üçin iň ýokary (absolýut) päsgelçilik bolmadyk, ýöne harby gullukçynyň gullukda bolmagyny düýpli kynlaşdyrýan ýagdaýlara düşünmek bolar. Mysal üçin: harby gullukçynyň özüniň agyr syrkawlygy, ýakyn garyndaşlarynyň syrkawlygy ýa-da aradan çykmagy, tebigy heläkçilik, şeýle hem gullukdaşlary tarapyndan edilýän tertipnamalaýyn däl hereketler, serkerdeleriň we ýolbaşçylaryň bikanun hereketleri, onuň janyna, saglygyna, namysyna we mertebesine ýa-da beýleki hukuklaryna kast eden beýleki hereketler (hereketsizlikler).

Bialaç zerurlyk, fiziki we psihiki taýdan mejbur etmek hökmünde Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 36-njy we 37-nji maddalarynda göz öňünde tutulan ýagdaýlaryň bolmagy adamyň Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 390-njy we 391-nji maddalary esasynda jenaýat jogapkärçiligine çekilmegini aradan aýyrýar.

18. Harby gulluk borjuny ýerine ýetirmekden kesellän bolup jögüsiremek ýa-da beýleki usullar bilen boýun gaçyrylmagy üçin Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 392-nji maddasy boýunça jenaýat jogapkärçiliginiň harby gullukçynyň öz-özüne nähilidir bir ýara salmagynyň haýsydyr bir usulyna, onuň agyrlyk

derejesine, şeýle hem jögüsiremegiň usulyna garamazdan ýüze çykýandygyny kazyýetler ünsden düşürmeli däldirler.

Harby gulluk borjuny ýerine ýetirmekden kesellän bolup jögüsiremek ýa-da beýleki usullar bilen boýun gaçyrylmagy, eger-de jenaýatlaryň hakyky jemi bolmasa Türkmenistanyň JK-nyň 390-njy we 391-nji maddalary bilen goşmaça maddalaşdyrylmaga degişli däldir.

Harby gulluk borjuny ýerine ýetirmekden harby gullukçynyň özi tarapyndan resminamalary bilkastlaýyn galplaşdyrmak arkaly boýun gaçyrmaklyk amala aşyrylanda onda bu jenaýatçylykly hereketler Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň degişlilikde 392-nji we 240-njy maddalarynyň degişli bölekleri bilen jenaýatlaryň jemi boýunça maddalaşdyrylmalydyr.

19. Harby gullugyň ýörite görnüşleri hökmünde söweş nobatçylygynda (söweş gullugynda) durmagyň, serhet gullugynda durmagyň, garawulçylyk (wahta) gullugynda durmagyň, jemgyýetçilik tertibini goramak we jemgyýetçilik howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça gullugy ýerine ýetirmegiň, içerki gullugy ýerine ýetirmegiň we garnizonda patrullyk etmegiň tertipnama düzgünleri bu harby gulluklaryň ýörite döwlet we harby desgalaryň howpsuzlygyny üpjün etmäge gönükdirilip, şeýle-de söweşjeň wezipeleri ýerine ýetirmek bilen baglanyşykdaky düzgünlerdir. Agzalan harby düzümlere girýän harby gullukçylaryň şol düzgünlerini bozmagy belli bir jemgyýetçilik howply netijelere getirse, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 393-397-nji maddalarynyň degişli bölekleri esasynda jenaýat jogapkärçiligine eltýär.

Şunda agzalan harby gullukçylar tarapyndan adamyň bilkastlaýyn öldürilmegi ýa-da onuň saglygyna agyr zyýan ýetirilmegi Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 101-nji ýa-da 107-nji maddalary bilen goşmaça maddalaşdyrylmaga degişlidir.

20. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 406-njy we 407-nji maddalarynda göz öňünde tutulan jenýatlaryň subýekti bolýan wezipeli adamlar Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinde, beýleki goşunlarynda we harby edaralarynda häkimiýet wekiliniň hemişelik, wagtlaýyn ýa-da ýörite ygtyýarlyklaryny amala aşyrýan ýa-da guramaçylyk-serenjam beriş ýa-da administratiw-hojalyk ygtyýarlyklaryny ýerine ýetirýän adam bolup duryandygyny kazyýetler ünsden düşürmeli däldirler.

21. Harby jenaýatlaryň subýekti bolan wezipeli adamlara ähli harby ýolbaşçylar, şeýle hem ýolbaşçy bolmasa hem komandowaniýanyň dilden, ýazmaça ýa-da tehniki aragatnaşyk serişdeleri arkaly berlen hemişelik, wagtlaýyn ýa-da ýörite tabşyrygy bilen guramaçylyk-serenjam beriş, administratiw-hojalyk ýa-da gözegçilik-derňew ygtyýarlyklaryny ýerine ýetirmek bilen bagly wezipeleri eýeleýän beýleki harby gullukçylar degişlidir.

22. Wezipeli adam tarapyndan öz ygtyýarlyklaryny bozanlyk faktyny anyklamak üçin kazyýetler tarapyndan bu wezipeli adamlaryň harby gullugy geçmek şertlerinde hukuklaryny we borçlaryny düzgünleşdirýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryny (düzgünnamalary, maslahatlary, gollanmalary, buýruklary we beýleki kadalaşdyryjy resminamalary) öwrenmek zerurdyr.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 406-njy maddasy boýunça jogapkärçilik diňe etmiş betnebislik meýilleri ýa-da başga şahsy bähbitler esasynda amala

aşyrylanda we gullugyň bähbidine, harby gullukçylaryň we beýleki raýatlaryň hukuklaryna we kanuny bähbitlerine düýpli zyýan ýetiren bolsa ýüze çykýar.

Betnebislik meýilleri diýip, harby wezipeli adamyň emlägi ogurlamak niýeti bolman maddy bähbit gazanmaga bolan islegi bilen aladalanmagyna, şahsy bähbitler bolsa – işde (wezipede) ýokary galmak, özüniň hereketsizligini gizlemek, özüne berilmeli temmi çäreden gaçmak, garyndaşyna kömek etmek, ar almak, tankyt üçin hasaplaşmak, göripçilik we beýleki bet-pygyllara düşünmek bolar.

Harby gullukçylaryň we beýleki raýatlaryň hukuklaryna we kanuny bähbitlerine düýpli zyýan ýetirmek, harby gullukçylaryň we raýatlaryň konstitusion hukuklaryny we azatlyklaryny kemsitmekde ýüze çykyp biler.

23. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 406-njy maddasynda görkezilen wezipe ýa-da gulluk ygtyýarlyklaryny hyýanatly peýdalanmak diýip, ýolbaşçy ýa-da harby wezipeli adam tarapyndan öz gulluk ýagdaýyny bilkastlaýyn ulanmak arkaly we gulluk bähbitleriniň garşysyna amala aşyrylýan hukuga garşy etmişe düşünmek bolar.

24. Wezipe ygtyýaryny ýa-da gulluk ygtyýarlyklaryny ýokarlandyrmak diýip, ýolbaşçy ýa-da harby wezipeli adam tarapyndan oňa kanunlar, düzgünnamalar we buýruklar arkaly berlen hukuk ýa-da gulluk ygtyýarlyklaryny açyk ýokarlandyrmak bilen amala aşyrylýan hereketlere düşünmek bolar.

Wezipeli adam tarapyndan onuň gulluk ýagdaýy we üstüne ýüklenen borçlaryny ýerine ýetirmek bilen bagly bolmadyk amala aşyrylan jemgyýetçilik howply hereket (hereketsizlik) harby wezipeli adamyň jenaýaty diýip ykrar edilip bilinmez.

Eger-de harby wezipeli adamlaryň jenaýatlarynyň aýratyn görnüşleri üçin jogapkärçilik ýörite kadalar arkaly göz öňünde tutulan bolsa (mysal üçin, para almak, gulluk ýagdaýyny peýdalanmak bilen emlägi iýmek we ş.m.), harby gullukçy – wezipeli adam tarapyndan şeýle hereketleriň amala aşyrylmagy Jenaýat kodeksiniň 406-njy maddasynyň jemi bilen däl-de, degişli madda bilen maddalaşdyrylýar.

25. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 407-nji maddasynyň 1-nji böleginde göz öňünde tutulan gulluga biperwaý garamak diýip, ýolbaşçy ýa-da beýleki wezipeli adamlar tarapyndan öz gulluk borçlaryny, gulluga sowuk-sala ýa-da ynsapsyz garamagyň netijesinde ýerine ýetirmezligine ýa-da degişli derejede berjaý etmezligine, eger-de bu ýagdaýlaryň netijesinde gullugyň bähbidine, harby gullukçylaryň we beýleki raýatlaryň hukuklaryna we kanuny bähbitlerine diňe düýpli zyýan ýetirilen halatlaryna düşünmek bolar.

26. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 406-njy we 407-nji maddalarynda göz öňünde tutulan kanuny bähbitlere ýeten zyýany düýpli diýip kesgitlemek işiň anyk ýagdaýlaryna baglydyr we işde bar bolan ähli materiallary seljermegiň, hususan-da, jenaýaty amala aşyrmagyň ähli ýagdaýlaryna, wagtyna, ýerine we usulyna baha bermegiň, bozulan döwlet bähbitleriniň ýa-da raýatlaryň ýa-da guramalaryň hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň wajyplygynyň, bozulmanyň dowamlylygynyň we çynlakaýlygynyň, maddy zyýanyň möçberiniň, ýitirilen ýa-da zaýalanan emlägiň ähmiýetiniň we ş.m. esasynda çözülmelidir.

Düýpli zyýan diýip, öz ähmiýeti we möçberi boýunça döwletiň, anyk harby bölümiň, ýuridik we fiziki şahslaryň bähbitlerine ýetirilen zyýana düşünmek bolar. Düýpli zyýan harby bölüm, bölümçe tarapyndan ýokarda duryan serkerdeligiň Düzgünnamasyna, gollanmasyna laýyklykda geçirilýän wajyp harby çäreleri bökdemekde, şeýle hem harby gullukçylaryň, raýatlaryň kanun arkaly goralýan hukuklaryna we bähbitlerine zyýan ýetirmekde, şahsy düzümi harby gulluk boýunça borçlaryny ýerine ýetirmekden goýup, özüniň ýa-da üçünji şahslaryň peýdasyna dürli görnüşli işlere yzygiderli çekmekde, urmakda, jebir çekeniň saglygyna zeper döredýän ýeňil we orta agyrlykda zyýan ýetirmekde we ş.m. ýüze çykyp biler.

Saglyga orta agyrlykdaky zyýan ýetirilende şahsyýete garşy jenaýatlar baradaky maddalar bilen goşmaça maddalaşdyrmak talap edilmeýär.

27. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 406-njy maddasynyň üçünji böleginde, 407-nji maddasynyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan "Agyr netijelere getirmegi" wajyp meseleleri çözmegi bökdemek, döwletiň howpsuzlygyna howp salmak, heläkçilikler we awariýalar, adam pidalary, söweş tehnikasynyň ýok edilmegi ýa-da zaýalanmagy, aýratyn uly möçberde maddy zyýan ýetirilmegi, adamyň saglygyna agyr zyýan ýetirmek ýa-da birnäçe adamlaryň saglygyna zyýan ýetirmek we ş.m. degişli bolup biler.

28. Garawulyň ýolbaşçysy tarapyndan amala aşyrylan etmiş, eger ol ýörite gulluk borçlarynyň çäginden çykýan-da bolsa, ýa-da gönüden-göni muňa degişli däl-de bolsa, onuň umumy wezipe borçlarynyň bozulmagy bolýandygy sebäpli (mysal üçin garawul ýolbaşçysynyň garawulyň düzümine girýän şahs babatda goralýan obýekte nähilidir bir zyýan ýetirmäge ýa-da başga agyr netijelere getirmedik zorlukly hereketleri) ol Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 406-njy maddasy boýunça jogapkärçilige çekilmelidir.

29. Garawul düzümi babatynda garawul ýolbaşçysynyň wezipeli adam bolup duryandygyna garamazdan, onuň ýörite gullugyň düzgünlerini bozmagy esasynda ýüze çykan hereketleri, garawul ýolbaşçysynyň ýagdaýyny hyýanatly peýdalanmak bilen bagly edilen hem bolsa, Türkmenistanyň JK-nyň 398-405-nji maddalarynda görkezilen ýagdaýlara getiren şeýle gulluk tertibiniň bozulandygy üçin jogapkärçiligi göz öňünde tutýan maddalary bilen maddalaşdyrylmalydyr.

30. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 399-401-nji maddalary boýunça harby emlägiň bilkastlaýyn ýa-da seresapsyzlyk zerarly ýok edilmegi ýa-da zaýalanylmagy, oňa aýawsyz garalmagy üçin jogapkärçilige çekmek hakyndaky mesele çözülende, harby emläk diýlip, Ýaragly Güýçlere degişli islendik emläk däl-de, eýsem diňe Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň agzalan maddalarynyň dispozisiýasynda anyk görkezilişi ýaly, ýaraglara, ok-därilere we harby tehnikanyň zatlaryna düşünilmelidir. Bu sanaw gutarnyklydyr we giňden düşündirilmäge degişli däldir.

Bu jenaýatçylykly kast etmeleriň gönüden-göni obýekti Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň, beýleki goşunlarynyň we harby edaralarynyň söweşjeň taýýarlygynyň we söweşjeň ukybynyň maddy esasyny emele getirýän harby emläge ygtyýar etmegiň we ony peýdalanmagyň bellenen düzgünleridir.

Eger-de görkezilen hereketler harby bölümleriň ygtyýaryndaky harby emläge ýa-da harby tehnikanyň närselerine degişli bolmadyk iki maksada niýetlenen

obýektler (ulag serişdeleri, radiostansiýalar, telefon apparatlar, kompýuterler we ş.m.) babatda amala aşyrylan bolsa, onda jogapkärçilik Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň degişlilikde 256-njy we 257-nji maddalary boýunça bolmalydyr.

31. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 406-njy maddasynda göz öňünde tutulan etmişler eger-de olar harby wezipeli adam tarapyndan özi ýa-da beýleki şahslar ýa-da guramalar üçin maddy bähbit ýa-da ýeňillik almak maksady bilen gulluk bähbitleriniň garşysyna öz gulluk ygtyýarlyklaryny peýdalanmak bilen amala aşyrylan bolsa korrupsiýa bilen bagly jenaýatlar hasaplanýar.

32. Ýolbaşçynyň (serkerdäniň) ýerine ýetirilmegi hökmany bolan buýrugy tabynlykdaky harby gullukçy tarapyndan ýerine ýetirilýän buýrugyň bikanunlygyna aň ýetirmän takyk ýerine ýetiren bolsa, bu buýruk boýunça amala aşyrylan hereketler we olaryň netijeleri üçin jogapkärçilik ýüze çykmaýar.

Tabynlykdaky harby gullukçy tarapyndan göz-görtele bikanun buýrugyň bilkastlaýyn ýerine ýetirilmegi onuň bikanun buýrugy beren ýolbaşçy (serkerde) bilen bilelikde jogapkärçilige çekilmegine getirýär. Şunda ýolbaşçynyň (serkerdäniň) göz-görtele bikanun buýrugyny bilkastlaýyn ýerine ýetirmek bilen tabynlykdakynyň tabynlyk gatnaşyklarynda durman, jenaýatçylykly etmişi amala aşyrmak üçin deslapdan dilleşmek bilen amala aşyrylýan jenaýaty tapawutlandyrmak zerurdyr. Şeýle halatlarda ýolbaşçynyň (serkerdäniň) we tabynlygyndakynyň jogapkärçiligi Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 29-njy maddasynda göz öňünde tutulan jenaýata bile gatnaşma görnüşde jogapkärçilik ýüze çykýar.

Ýolbaşçynyň (serkerdäniň) göz-görtele bikanun buýrugyny tabynlykdaky tarapyndan bilkastlaýyn ýerine ýetirmezlik onuň jenaýat jogapkärçiligini aradan aýyrýar.

33. Kazyýetleriň jogapkärçiligi aýrybaşgalaşdyrmak ýörelgelerini gyşarnyksyz berjaý etmekleri zerurdyr we jezanyň görnüşi we möçberi bellenilýän wagtynda jenaýatyň häsiýeti we agyrlygy, şeýle jenaýat etmegiň maksatlary we äheňleri, getiren netijeleri, jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän we agyrlaşdyrýan ýagdaýlary, günäkäriň şahsyýeti, şeýle hem bellenilen jezanyň günäkäriň jezasyny çekeninden soňra, durmuşyň adaty şertlerine gaýtadan uýgunlaşmagyna we onuň maşgalasynyň durmuş şertlerine ýetirjek täsiri göz öňünde tutulmalydyr.

Wezipeli adam tarapyndan gulluk ýagdaýyny peýdalanmak bilen amala aşyrylanda kazyýet edilen jenaýatyň häsiýetini we günäkäriň şahsyýetini nazara alyp, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 45-nji maddasyna laýyklykda günäkäri belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek barada goşmaça jeza bellemek ýa-da bellemezlik meselesine seretmelidir.

Kazyýet höküm çykaranynda, agyr ýa-da aýratyn agyr jenaýat edenligi üçin iş kesilen adamyň harby ýa-da beýleki ady bar bolan halatynda, ony şol atdan mahrum etmek baradaky, şeýle-de Türkmenistanyň ordeni, medaly bilen sylaglanan ýa-da Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan dakylan hormatly ady ýa-da harby ady ýa-da başga bir ady bolan agyr ýa-da aýratyn agyr jenaýat üçin iş kesileni şol döwlet sylaglaryndan, harby ýa-da beýleki atlardan mahrum etmek üçin Türkmenistanyň

Prezidentine teklip bermegiň maksada laýyklygy hakyndaky meseleleri Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 46-njy maddasyna laýyklykda çözmelidir.

34. Serkerdeler (Ofiserler) düzüminden bolan harby gullukçylara, şeýle hem borçnama boýunça harby gullugy geçýän harby gullukçylara iki ýyldan ýokary bolmadyk möhlete azatlykdan mahrum etmeklige iş kesilende kazyýet, işiň ýagdaýyny we iş kesilen adamyň şahsyýetini nazara alyp, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 53-nji maddasyny ulanmak arkaly harby gulluk boýunça çäklendirme ulanmaklygyň maksada laýyklygy hakyndaky meseläni ünsden düşürmeli däldir.

Kazyýetiň höküminde harby gulluk boýunça çäklendirmä iş kesilen adamyň pul girdejisinden bäş göteriminden ýigrimi göterimine çenli möçberde pul tutulyp, döwletiň girdejisine geçirilýändigi, şeýle-de harby gulluk boýunça çäklendirme jezasyny çekýän döwründe onuň wezipesi, harby ady ýokarlandyrylyp bilinmeýändigi, jeza möhleti bolsa oňa nobatdaky harby ady dakmak üçin we köp wagt gulluk edeni üçin pensiýa bellemäge gulluk ediş möhleti hökmünde hasap edilmeýändigi görkezilmelidir.

35. Harby düzgünleriň bozulmagy bilen baglylykdaky jenaýat işlerine seredenlerinde kazyýetler şu görnüşdäki we onuň bilen baglanyşykly beýleki jenaýatlaryň edilmegine sebäp bolan ýagdaýlary we şertleri anyklamak we olary aradan aýyrmak boýunça çykarýan hususy kesgitnamalarynyň (kararlarynyň) täsirliligini güýçlendirmek arkaly anyk netijeleri gazanmalydyrlar.

36. Harby düzgünleriň bozulmagy bilen baglylykdaky jenaýat işlerine seredenlerinde kazylar özlerine berlen hünär derejesine laýyklykda tapawutlandyryş nyşanlary dakylan ýörite lybasda, şeýle-de seredilýän işler boýunça geçirilýän kazyýet mejlisleriniň jenaýatçylygyň öňüni alyş-terbiýeçilik täsiri bolup biljek ýagdaýlarynda bolsa şeýle işlere göçme kazyýet mejlislerinde seretmelidirler.

37. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri harby düzgünleriniň bozulmagy bilen baglylykdaky jenaýat işleriniň seredilişine degişli derejede gözegçiligi üpjün edip, çykarylan kazyýet kararlarynyň kanunylygyny, esaslylygyny we adalatlylygyny çintgäp barlamak bilen, göýberilen kanun bozmalary we ýalňyşlyklary öz wagtynda ýüze çykaryp aradan aýyrmalydyrlar. Şu görnüşdäki jenaýat işleri boýunça iş tejribesini yzygiderli öwrenip, aşakda duryan kazyýetlere amaly kömek bermek işini yzygiderli alyp barmalydyrlar.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy G.Hallyýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy Ş.Haýytow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 4

2018-nji ýylyň 8-nji dekabry Aşgabat şäheri

Wezipe bilen baglanyşykly jenaýat işleri boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda

(24.07.2021 ý. № 7; 18.12.2021 ý. № 12; 18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3; 19.07.2025 ý. № 4; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Türkmenistanyň Konstitusiýasy her bir adamyň we raýatyň hukuklaryny hem azatlyklaryny kepillendirip, jemgyýetde asudalygy we agzybirligi üpjün etmäge, halk häkimiýetiniň hem-de demokratik, hukuk, dünýewi döwletiň hukuk esasyny goýýar, Türkmenistanyň Prezidentiniň "Döwlet adam üçindir!" diýip, her bir işiň adam hakyndaky alada tabyn edilmelidigi baradaky ýörelgesi jemgyýetimizde asudalygyň, agzybirligiň hem-de bitewiligiň höküm sürmegini esaslandyrýar, ol bolsa, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň sazlaşykly ösmegini esaslandyrýan döwlet gullugynyň talabalaýyk işlemegine baglydyr.

Wezipeli adamlaryň döwlet häkimiýet edaralarynda iň bir jogapkärçilikli wezipeleri eýelemek bilen hem-de Türkmenistanyň Konstitusiýasyny we kanunçylygy berjaý edip, döwlet bähbidini aramagyň, şeýle-de raýatlaryň hukuklarynyň goragynda bolmagyň deregine gulluk ygtyýarlyklaryndan hyýanatly peýdalanmaklary bilen döwlete, şahslara düýpli zyýan ýetirmekleri jemgyýet üçin örän howply hereketleriň biridir.

Plenum kazyýet ulgamynyň öňünde duryan wezipeleriň ygtybarly çözülmegi döwlet edaralarynyň, kärhanalarynyň, guramalarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň, şeýle hem döwlete degişli bolmadyk edaralaryň, kärhanalaryň, guramalaryň işlerini düýpli bozýan we abraýyny gaçyrýan, raýatlaryň kanun tarapyndan goralýan hukuklaryna we bähbitlerine düýpli zyýan ýetirýän wezipe bilen baglanyşykly jenaýatlara garşy göreşi güýçlendirmekligi talap edýändigini belläp geçýär.

Wezipe bilen baglanyşykly jenaýatlaryň howply jenaýatlar bilen bagly edilýän halatlary az däl, munuň özi bolsa, kazyýetlerden kazyýet seljerişiniň ýokary hilli bolmalydygyny talap edýär.

Wezipe bilen baglanşykly jenaýatlar üçin jogapkärçiligi görkezýän kanunyň kadalary ulanylanda, ýalňyşlyga ýol berilýän halatlary hem bolýar, kazyýetler hemme ýagdaýlarda wezipe ygtyýarlyklaryny hyýanatly peýdalanmak bilen bagly jenaýatlary wezipe ygtyýarlyklarynyň çäginden çykmaklykdan dogry tapawutlandyrmakda kynçylyk çekmeklerine duş gelmek bolýar.

Bellenip geçilen we şeýle çygyrlardaky beýleki kemçilikleri aradan aýyrmak we kazyýetler tarapyndan kanunçylygyň birmeňzeş ulanylmagyny üpjün etmek

maksady bilen, “Kazyýet hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy,

K A R A R E D Ý Ä R :

1. Wezipe bilen baglanyşykly jenaýatlar üçin jogapkärçiligi görkezýän kanunçylygyň gyşarnyksyz berjaý edilmelidigine we kazyýet seljerişleriniň hiliniň gowulandyrylmalydygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli. Her bir iş boýunça wezipe bilen baglanyşykly jenaýatlary eden adamlaryň hemmesiniň anyklanylmagy we kanuny jogapkärçilige çekilmekleri üçin netijeli çäreler görülmelidir.

2. Wezipe ygtyýarlyklaryndan hyýanatly peýdalanmak wezipeli adam tarapyndan özüniň gulluk ygtyýarlyklaryndan gelip çykýan we kadalaşdyryjy hukuk namalarda, ýagny kanunda, tertipnamada, düzgünnamada we beýleki hukuk namalarynda görkezilen hukuklarynyň hyýanatly peýdalanmagyndan, borçlarynyň bolsa, bilkastlaýyn ýerine ýetirilmezliginden ybaratdyr. Hemme ýagdaýlarda wezipeli adamyň her bir bikanun hereketleri onuň wezipe ygtyýarlyklaryndan hyýanatly peýdalanmagy ýa-da borçlaryny berjaý etmezligi bilen bagly bolmaýar, onuň üçin şol ygtyýarlaryň we borçlaryň hukuk esaslary bolmalydyr. Wezipe ygtyýarlyklardan hyýanatly peýdalanmak dürli görnüşde bolup biler, ol wezipe ygtyýarlyklary boýunça berlen hukuklardan ýa-da borçlardan peýdalanyp, olary ýerine ýetirmek bilen, şonuň ýaly hem ýerine ýetirmezlik bilen bagly edilip bilinýändigini kazyýetler ünsden düşürmeli däldirler.

Döwlet wezipeli adamlaryň hukuklary we borçlary “Döwlet gullugy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 13-nji we 14-nji maddalarynda görkezilendir, beýleki wezipeli adamlaryň hukuklary we borçlary bolsa, Türkmenistanyň kanunlarynda, Türkmenistanyň Zähmet kodeksinde, düzgünnamalarda, gözükdirijilerde, gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalarda, ýuridik şahsy döredijiler resminamalarda, zähmet şertnamalarda, buýruklarda, ýokarda duran guramanyň görkezmelerinde we şoňa meňzeş resminamalarda bolup biler.

3. Döwlet gullugynyň bähbitlerine garşy jenaýatlar boýunça wezipeli adamlar diýlip hemişelik, wagtlaýyn ýa-da ýörite ygtyýarlylyk boýunça häkimiýet wekilleriniň wezipelerini amala aşyrýan, şonuň ýaly-da döwlet edaralarynda, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynda, döwlet kärhanalarynda, edaralarynda ýa-da guramalarynda, şeýle hem Ýaragly Güýçlerde, beýleki goşunlarda we harby birikmelerde guramaçylyk-serenjam berijilik, administratiw-hojalyk ýa-da gözegçilik-derňew ygtyýarlyklaryny ýerine ýetirýän, döwlet gullugynyň wezipelerini amala aşyrmak bilen baglanyşykly kanun esasynda kararlary kabul etmäge hukugy bolan adamlar hasap edilýär.

4. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksinde (mundan beýläk Türkmenistanyň JK) döwlet gullukçysy diýlip döwlet gullukçylarynyň wezipeleriniň sanawynda görkezilen wezipäni eýeleýän we döwlet gullugynyň wezipelerini durmuşa geçirmek boýunça işi amala aşyrýan adam hasap edilýär. Döwlet edaralarynda işläp we şol edaralara tehniki taýdan hyzmat edýän ýa-da kömekçi wezipeleri ýerine ýetirýän adamlar döwlet gullukçylarynyň hataryna girmeýär.

“Döwlet gullugy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 11-nji maddasyna laýyklykda, döwlet gullukçylarynyň wezipeleriniň sanawy Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanylýar.

5. Döwlet wezipesini eýeleýän adamyň sanawyna “Döwlet gullugy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 12-nji maddasynyň 2-nji böleginde görkezilen döwlet gullukçylary girýär.

6. Türkmenistanyň JK-nyň 196-njy maddasynda görkezilen jenaýatyň alamatlarynyň ýüze çykmagy üçin jemgyýetçilik howply günäli etmişiň edilmegi döwlet wezipesini eýeleýän adamyň wezipe ygtyýarlyklaryndan peýdalanmagy bilen bagly bolmalydyr. Oňa görä-de şol wezipäni eýeleýän adam wezipe ygtyýalyklaryndan peýdalanmagy bilen bagly bolmadyk ýagdaýlarda başga bir jenaýat etse (mysal üçin adamyň saglygyna agyr zyýan ýetirse), şu maddada görkezilen jenaýatyň alamatyny döretmeýär.

7. Türkmenistanyň JK-nyň 196-njy maddasynyň Belliginiň 3-nji bölegine layyklykda, döwlet gullukçysyna deňleşdirilen adam diýlip, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde welaýat, etrap, şäher halk maslahatlaryna, Geňeşlere saýlanan, saýlawly döwlet wezipelerine dalaşgär hökmünde bellige alnan raýatlar, şeýle hem esaslyk maýasynda döwletiň paýy ýigrimi bäş göterimden az bolmadyk kärhanalarda we guramalarda guramaçylyk-serenjam berijilik, administratiw-hojalyk ýa-da gözegçilik-derňew ygtyýarlyklaryny ýerine ýetirýän adamlar hasap edilýär.

8. Wezipeli adam bolmak üçin häkimiýet wekilleriniň wezipesini amala aşyrýan, döwlet edaralarynda ýa-da ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynda, diňe döwlete degişli bolan edaralarda, kärhanalarda ýa-da guramalarda, şeýle-de Ýaragly Güýçlerde, beýleki goşunlarda we harby birikmelerde guramaçylyk-serenjam berijilik, administratiw-hojalyk ýa-da gözegçilik-derňew işinde hemişelik, wagtlaýyn, ýa-da ýörite ygtyýarlyk boýunça işleýän bolmalydyr. Oňa görä-de, täjirçilik ýa-da beýleki, döwlete degişli bolmadyk guramalarda işleýän adamlar wezipeli adam bolup bilmezler we olaryň wezipe ygtyýarlyklaryny hyýanatly peýdalanmaklary Türkmenistanyň JK-nyň 289-njy maddasynda görkezilen jenaýaty ýüze çykaryp biler.

9. Döwlet emlägini dolandyrmaga we ygtyýar etmek hukugyna eýe bolan döwlet işgäri, ýagny emlägi saklamagy, täzeden işlemegi, emläk gymmatlyklarynyň harç edilmegini hasaba almagy we üpjünçilik etmegi, pul serişdeleri we olara degişli resminamalary almagy ýa-da bermegi ynanylan işgärler administratiw-hojalyk işini ýerine ýetirýän wezipeli adamlardyr. Mysal üçin, emläk saklamagy ynanylan işgär, baş hasapçy, pulhananyň ýolbaşçysy, maliýe we üpjünçilik bölümleriň başlyklary we şoňa meňzeş wezipeleri eýeleýän işgärler administratiw-hojalyk işini ýerine ýetirýändikleri üçin wezipeli adamlardyr.

Maddy jogapkär adamyň ynanylan emläginde ýüze çykýan kemçilikleriň üstüni ýapyp, uly möçberde kemçiligiň emele gelmegine sebäp bolan bolsa, wezipe ygtyýarlyklaryndan hyýanatly peýdalanmagyň alamaty bolup biler.

Wezipeli adamyň ynanylan emlägi özi üçin emläk peýdasyny almak niýeti bilen ulanan ýagdaýynda (bikanun ulanylmaga berilse, ynanylan maliýe serişdelerini başga birine bikanun karz berilse we başgalar), eger şol hereketler

Türkmenistanyň JK-niň 196-njy maddasynyň birinji böleginde görkezilen maddalaşdyryş alamatlaryna laýyk gelse, wezipe ygtyýarlyklaryny hyýanatly peýdalanmagyň alamaty bolup biler.

Diňe işgär bilen iş berijiniň arasynda ynanylan gymmatlyklary saklamaklyk barasynda baglaşylan maddy jogapkärçilik hakyndaky şertnamanyň bolmagy ol işgäri wezipe bilen baglanşykly jenaýatyň şahsy (subýekti) diýmeklige esas döretmeýär. Munuň üçin maddy jogapkär adamyň emläkleri diňe saklamak borjundan başga-da, olary dolandyrmak ýa-da ýerlemek wezipesini hem berjaý etmekligi zerur (mysal üçin, harytlary getirmekligi gurnamak, olary beýleki ýerleýji nokatlara bölmek we ş. m.).

10. Döwlet emläginiň saklanylyşyna, täzeden işlenilişine, ulanylylşyna we harç edilişine gözegçilik we barlag işlerini amala aşyrýan işgärler, ýagny derňewçiler, barlagçylar, gözegçilik-barlag bölümleriniň ýolbaşçylary we beýleki şolara meňzeş işleri ýerine ýetirýän işgärler gözegçilik-barlag işini ýerine ýetirýän wezipeli adamlardyr.

11. Betnebislik meýiller bilen wezipe ygtyýarlyklaryny hyýanatly peýdalanmak diýip, wezipeli adamyň şeýle bikanun hereketlerine aýdylýar, ýagny onuň wezipä daýanyp, emlägi muzdsuz almak ýa-da başgalara bermek bilen baglanşyksyz özi ýa-da başga biri üçin emläk bähbidini aramagyna (mysal üçin, maddy jogapkärçilikden sypmak maksady bilen hasabatlary galplaşdyrmak arkaly näbelli sebäplere görä emele gelen aýratyn uly möçberdäki ýetmezçilikleri gizlemek) düşünmek bolar.

12. Gaýry şahsy bähbitleri hyýanatly peýdalanmagyň ýa-da galplygyň maksady hökmünde, maddy häsiýetli däl peýdanyň görülmegine ymtylmak bilen hem bagly bolup biler (mysal üçin, iş ýerindäki derejesini saklamak üçin, dogan-garyndaşlyk, dostparazlyk duýgusy bilen, hakyky ýagdaýy gowy edip görkezmeklik islegi, özüniň başarnyksyzlygyny ýaşyrmak maksady bilen, ol ýa-da beýleki mesele çözülende goldaw tapmak maksady bilen we ş.m.).

13. Ýetirilen zeleliň düýplüdigi barada mesele çözülende, ýetirilen maddy zeleliň häsiýeti we möçberi, nädogry etmişleriň edaranyň, kärhananyň, guramanyň kadaly işlemegine ýaramaz täsir etmesiniň derejesi, jebir çeken raýatlaryň sany, olara ýetirilen ahlak, fiziki ýa-da emläk zeleliň agyrlygy we ş.m. hökmany göz öňünde tutulmalydyr.

Döwlet we jemgyýetçilik bähbitlerine ýa-da raýatlaryň goralýan hukuklaryna we bähbitlerine düýpli zeleliň ýetirilmeginiň wezipe bilen baglanyşykly jenaýatlaryň tarapgöýsüz (obýektiw) tarapynyň hökmany alamatlary bolup durýanlygy üçin, kazyýetler bu görnüşli jenaýat işlerine seredenlerinde, ýetirilen zeleliň häsiýetini, şeýle hem onuň bilen günäkäriň hereketleriniň (hereketsizliginiň) arasyndaky arabaglanyşygy anyklamalydyrlar we kabul edýän kazyýet kararlarynda görkezmelidirler. Ýetirilen zeleliň diňe maddy görnüşde däl-de, eýsem başga häsiýetde hem bolup biljekdigine kazyýetleriň üns bermekleri hökmanydyr, mysal üçin, raýatlaryň konstitusiýada görkezilen hukuklarynyň we azatlyklarynyň bozulmagy, häkimiýet edaralarynyň, döwlet we jemgyýetçilik guramalarynyň abraýlarynyň gaçyrylmagy, olaryň işleriniň bozulmagyna getirmegi, jemgyýetçilik

tertibiniň bozulmagy, ogurlygyň, beýleki agyr jenaýatlaryň üstüniň ýapylmagy we ş.m.

14. Wezipe ygtyýarlyklarynyň hyýanatly peýdalanylmagynyň agyr netijelere getiren alamaty boýunça TJK-nyň 196-njy maddasynyň 2-nji bölegi, 198-nji maddasynyň 2-nji bölegi, 199-njy maddasynyň 2-nji böleginiň "d" bendi, 207-nji maddasynyň 2-nji bölegi, 289-njy maddasynyň 2-nji bölegi, 406-njy maddasynyň 3-nji bölegi, 407-nji maddasynyň 2-nji bölegi bilen, eger jenaýatyň netijesinde uly hadysanyň (zyýançylygyň) bolmagyna, ulaglaryň ýa-da önümçiligiň uzak wagtlap saklanmagyna, kärhananyň ýa-da edaranyň işiniň düýpli bozulmagyna, aýratyn uly möçberde maddy zyýanyň ýetirilmegine, adamynyň ölmegine, öz-özüni öldürmegine ýa-da öz-özüni öldürmek kastyna düşmegine, ýa-da saglygyna agyr zyýan ýetirilmegine getiren we ş.m. ýagdaýlarda maddalaşdyrylyp bilner. Şunda görkezilen zyýanyň netijelerinden başga-da kanunda görkezilen wezipe hyýanatçylygynyň düzüminiň beýleki alamatlarynyň hem bolmagy hökmanydyr.

15. Kasama dönüklik etmek, döwlet wezipesini eýeleýän we resmi taýdan kasam kabul edýän adamyň kasamyna dönüklik edip, gulluk ygtyýarlyklaryny hyýanatly peýdalanmak bilen betnebislikli ýa-da gaýry şahsy bähbidini aramagy netijesinde raýatlaryň hukuklarynyň, jemgyýetiň we döwletiň kanuny bähbitleriniň düýpli bozulmagyna getirmegi bolup durýar.

"Döwlet gullugy hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, ygtyýarlyklaryny amala aşyrmak üçin kasam aýtmak zerur bolan döwlet wezipeleri, döwlet gullukçylarynyň aýry-aýry toparlary, şeýle hem degişli kasamyň beýany we ony kabul etmegiň tertibi Türkmenistanyň kanunçylygy bilen kesgitlenýär.

Resmi taýdan kasam kabul eden döwlet wezipesini eýeleýän adamyň her bir bikanun hereketleri, onuň gulluk ygtyýarlyklaryndan peýdalanmagy ýa-da borçlaryny berjaý etmezligi hemme ýagdaýlarda gönüden göni kasama dönüklik etmeklige getirmeýär, onuň günäli hereketleri şahsy bähbidini aramak bilen bilkastlaýyn edilen bolmalydyr we kanunda görkezilen netijelere getirmelidir.

16. Türkmenistanyň JK-nyň 200-nji maddasy bilen wezipeli adam betnebislikden ýa-da gaýry şahsy bähbitlerden ýer böleginiň ýere eýeçilik hukugynyň bozulyp berilmegi, şol sanda döwlet eýeçiligindäki ýer bölekleriniň bellenilen tertipde resmileşedirilmezden kärendä ýa-da peýdalanmaga berilmegi üçin jogäpkärçilik çekýär. Munuň "Ýer hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunyna we gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalaryna esaslanmalydygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

17. Wezipe ygtyýarlyklarynyň çäginden çykmak, bu wezipeli adamyň kanunçylyk arkaly belli bir ygytyýarlyklarynyň çäginden göz-görtele çykyp hereket etmegine we şonuň netijesinde raýatlaryň, guramalaryň hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň ýa-da jemgyýetiň, ýa-da döwletiň kanun boýunça goralýan bähbitleriniň düýpli bozulmagyna düşünmeli.

18. Wezipe ygtyýarlyklarynyň çäginden çykmak bilkastlaýyn, göni ýa-da gytaklaýyn niýet bilen edilýän jenaýatdyr, günäkär özüniň wezipe ygtyýarlaryndan göz-görtele çykyp, raýatlaryň, guramalaryň hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň ýa-da jemgyýetiň, ýa-da döwletiň kanun boýunça goralýan bähbitleriniň düýpli bozulýandygyny bilýär we onuň şeýle bolmagyny isläp hereket edýär, ýa-da şolar

ýaly netijäniň bolmagyny islemese hem, oňa görnetin ýol berýär ýa-da parhsyz garaýar.

19. Wezipe ygtyýarlyklaryny hyýanatly peýdalanmagy wezipe ygtyýarlyklarynyň çäginden çykmaklykdan tapawutlandyrylanda ugur alynmaly ýagdaý, ol hem, birinji ýagdaýda wezipeli adam gullugyň bähbitleriniň tersine gidip, özüne kanun tarapyndan berlen hukuklaryny we ygtyýarlyklaryny bikanun peýdalanýar, ikinji ýagdaýda bolsa, gulluk ygtyýarlyklarynyň çäklerinden aç-açan çykýan hereketleri amala aşyrýar (başga wezipeli adamyň ygtyýarlaryna degişli hereketleri etmegi ýa-da özi tarapyndan aýratyn ýagdaýlarda diňe kanunda ýa-da beýleki kadalarda görkezilen halatlarda amala aşyrylyp bilinýän hereketleriň çäklerinden çykma ýa-da hiç kimiň hiç bir ýagdaýlarda-da amala aşyrmaga hukugy ýok hereketleri etmegi).

20. Wezipe ygtyýarlyklarynyň çäginden çykmak, şular ýaly görnüşlerde bolup bilýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli:

a) wezipeli adam başga bir wezipeli adamyň etmeli işini edýär;

b) wezipeli adam topar bolup edilmeli işi ýeke özi edýär (Mysal üçin, paýdarlar jemgyýetiniň auditoryny tassyklamak onuň umumy ýygnagyna degişli bolýandygyna garamazdan, onuň müdirýetiniň başlygy tarapyndan bellenmegi);

ç) hiç bir wezipeli adamyň edip bilmejek işini edýär;

d) wezipeli adam diňe aýratyn bir ýagdaýda bellenen tertipde kanunda, düzgünnamada etmeli işini adaty ýagdaýda edýär;

e) wezipeli adam başga bir edaranyň ýa-da wezipeli adamyň rugsady bilen edilmeli işi özbaşdak edýär;

ä) wezipeli adam adamlaryň belli bir topary barasynda edilmeli işi gaýry adamlar barasynda hem edýär;

g) wezipeli adam özüniň wezipe ygtyýarlyklaryny kesgitleýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryna ýa-da ýuridik şahsyň esaslandyryjy resminamalaryna laýyklykda edip bilmejek işini edýär.

21. Wezipe ygtyýarlyklarynyň çäginden çykmaklyk güýç ulanmak bilen alnyp barylmagy baradaky meseläni çözenlerinde, günäkäriň hereketleri şahsyýete fiziki ýa-da ruhy güýç ulanmak, şeýle hem onuň azatlygyny çäklendirmek bilen alnyp barlan bolsa, şu maddalaşdyryş alamatynyň bolýandygyny kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

Günäkäriň hereketlerinde ýarag ulanmaklyk maddalaşdyryş alamatynyň barlygy hakyndaky mesele çözülende, kazyýetler ýaragyň hakykat ýüzünde jebir çekeniň saglygyna zyýan ýetirmek ýa-da öldürmek üçin, ýa-da şeýle zyýany ýetirmek haýbatyny atmak arkaly oňa ruhy täsir etmek üçin ulanylandygyndan ugur almalydyrlar.

22. Wezipe ygtyýarlyklarynyň çäklerinden çykylyp, bilkastlaýyn adam öldürilmegi ýa-da saglyga bilkastlaýyn agyr zyýanyň ýetirilmegi jenaýatlaryň jemi boýunça maddalaşdyrylmaga degişlidir. Başga agyrlykda zyýanyň bilkastlaýyn ýetirilmegi, horlamaklyk, şeýle hem seresapsyzlykda saglyga zyýanyň ýetirilmegi ýa-da adamyň ölmegi Türkmenistanyň JK-nyň 199-njy maddasynyň 2-nji böleginiň degişli bendi bilen öz içine alnýar.

Emma fiziki zorluk ulanmak ýa-da ruhy taýdan basyş etmek haýbatyny atmakda, eger şol haýbatyň ýerine ýetirilmek howpy hakykatdan hem bar bolsa, şeýle hereketlerde şu düşündirilýän maddanyň birinji böleginiň alamaty bolup biler, çünki zorluk ulanmak ýa-da ruhy ezýet bermek haýbatynyň atylmagy şu düşündirilýän maddanyň ikinji böleginiň maddalaşdyryş alamaty hökmünde görkezilen däldir.

23. Wezipeli adamyň ygtyýarlyklarynyň eýelenmegi we şol ygtyýarlyklardan peýdalanmak bilen baglanyşykly Türkmenistanyň JK-nyň 202-nji maddasynda görkezilen jenaýaty eden diýip, döwlet gullukçysynyň haýsy-da bolsa bir wezipeli adamyň kadalaşdyryjy hukuk namasy esasynda ygtyýarly edilen wezipe ygtyýarlyklaryny eýelemegine we şol ygtyýarlyklary peýdalanmagynyň kanunda görkezilen netijelere getirmegine düşünmeli. Şonda wezipeli adamyň takyk haýsy wezipe ygtyýarlyklaryndan peýdalanandygy anyklanmaga degişlidir we belli bir wezipe ygtyýarlyklara girmeýän hereketler edilende, onuň netijesi boýunça başga bir jenaýatyň alamaty bolup biler.

Mysal üçin, kärhanada ýolbaşçynyň kömekçisi bolup işleýän işgär ýolbaşçynyň ýoklugyndan peýdalanyp, onuň wezipe ygtyýarlyklaryny eýeleýär hem-de edaranyň hasabyndan gymmat bahaly enjamlary çykarmak baradaky resminamalary resmileşdirip, oňa aýratyn uly möçberde maddy zyýan ýetirýär. Günäkäriň şolar ýaly hereketlerinde Türkmenistanyň JK-nyň 202-nji maddasynyň alamaty bolup biler. Wezipeli adamyň ygtyýarlyklaryny eýelemegiň delilleri we sebäpleri her hili bolup biler, emma olar jenaýatyň düzümi bolmagy üçin öz täsirini ýetirip bilmez. Mysal üçin, şolar ýaly jenaýatçylykly hereketler bikanun gazanç etmek, ýakyn adamsyna kömek bermek, eden agyr jenaýatynyň üstüni ýapmak, oňşuksyzlyk bilen baglanyşykly başga birine zyýan ýetirmek we başga-da şolar ýaly sebäpler bilen baglylykda edilip bilner.

24. Türkmenistanyň JK-nyň 206-njy maddasynyň düzümi bolmagy üçin resmi resminamalara girizilýän maglumatlar göz-görtele ýalan bolmalydyr, şeýle hem şol resminamalara olaryň hakyky mazmunyny ýoýýan düzedişler girizilen bolmalydyr. Eger şolar ýaly netijelere getiren hereketler seresapsyzlyk bilen edilen bolsa ýa-da düşünmezligiň netijesiinde ýüze çykan bolsa, şeýle hereketlerde gulluk galplygyň alamaty bolup bilmez. Mysal üçin, wezipeli adamynyň resminama galp maglumatlary girizeni dogry, emma ol oňa işiň hakyky ýagdaýy barasynda düşünmezligi sebäpli ýalňyşlyga ýol berýär. Bu bolsa gulluk galplygynyň alamatyny döretmeýär, ýöne belli bir ýagdaýlarda şol hereketleriň netijelerine baglylykda sowuk-salalygyň alamatynyň döremeginiň mümkindigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

25. Sowuk-salalyk, bu wezipeli adamyň öz işine harsal ýa-da geleňsizlik bilen, ýagny etmişleriniň jemgyýetçilik üçin howpludygyna akyl ýetirmese-de, jemgyýetçilik howply netijeleriň bolmak mümkinçiligini öňünden görüp bilmese-de, öz hereketlerine zerur ünslülik we hüşgärlik bilen seredende şolary öňünden görmeli ýa-da görmegi mümkin hem bolsa oňa harsal, ýa-da geleňsizlik bilen garamagy netijesinde, işini doly ýerine ýetirmänligi ýa-da bolmalysy ýaly etmänligi sebäpli raýatlaryň, guramalaryň hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň, ýa-da jemgyýetiň, ýa-da döwletiň kanun tarapyndan goralýan bähbitleriniň düýpli bozulmagyna düşünmeli. Sowuk-salalyk babatda jenaýat jogapkärçiligi diňe

wezipeli adamyň öz borçlaryna harsal ýa-da geleňsizlik bilen garamagynyň netijesinde kanunda görkezilen şahslaryň hukuklaryna we kanuny bähbitlerine düýpli zyýanyň ýetirilmegine getiren ýagdaýynda bolup biler.

26. Sowuk-salalygyň düzümi bolmagy üçin jenaýatçylykly hereketleriň netijesinde raýatlaryň, guramalaryň hukuklary we kanuny bähbitleri ýa-da jemgyýetiň, ýa-da döwletiň kanun tarapyndan goralýan bähbitleri düýpli bozulan bolmalydyr. Agzalan hukuklaryň we bähbitleriň düýpli bozulmagy hakyky zyýan, elden giderilen peýda, şeýle-de raýatlaryň konstitusion hukuklarynyň we azatlyklarynyň bozulmagy, häkimiýete zyýan ýetirilmegi, onuň işine päsgelçilik döredilmegi we togtadylmagy, uly möçberdäki emlägiň ogurlanmagynyň we beýleki agyr jenaýatlaryň üstüniň ýapylmagy ýa-da onuň edilmegi üçin oňaýly şertiň döremegi görnüşinde ýüze çykyp biler. Şol zyýanyň düýplülik derejesi bolsa oňa degişli baha bermek arkaly anyklanyp bilner.

27. Türkmenistanyň JK-nyň 207-nji maddasynyň alamaty bolmak üçin günäkäriň öz üstüne ýüklenen boçlaryny amala aşyrmak üçin degişli şertiň we özüniň şahsy mümkinçiliginiň bolmagy hökmanydyr. Eger wakanyň boluş ýagdaýy, günäkäriň saglygy we hünär derejesi onuň wezipe borjuny ýerine ýetirmegine mümkinçilik bermedik bolsa, şonuň ýaly-da gaýry esasly sebäplere görä ol wezipe ygtyýarlyklaryny we borçlaryny amala aşyryp bilmedik bolsa, şolar ýaly ýagdaýlarda sowuk-salalygyň alamaty bolup bilmez.

Şeýle-de wezipeli adamyň öz borçlaryny ýerine ýetirip bilmezligi onuň hünär taýýarlygynyň pesligi, işini oňarmaýanlygy bilen bagly bolsa we onuň işine harsal ýa-da geleňsiz garamagy anyklanmadyk ýagdaýynda sowuk-salalygyň alamaty bolup bilmez.

28. Türkmenistanyň JK-nyň 289-njy maddasyndaky täjirçilik ýa-da başga guramada dolandyryjy wezipeleri ýerine ýetirýän adam diýlip eýeçiliginiň görnüşine garamazdan täjirçilik guramasynda, şeýle hem döwlet häkimiýet edarasy, ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasy, döwlet edarasy bolmadyk täjirçilik däl guramada hemişelik, wagtlaýyn ýa-da ýörite ygtyýarlyk boýunça guramaçylyk-serenjam berijilik ýa-da administratiw-hojalyk borçlaryny ýerine ýetirýän adam hasap edilýär.

Eger şu maddada göz öňünde tutulan hereketler diňe döwlet kärhanasy bolmadyk täjirçilik guramasynyň bähbitlerine zyýan ýetiren bolsa, jenaýat yzarlaýyş şu guramanyň arzasy boýunça ýa-da onuň ýazmaça razylygy alnyp amala aşyrylýar.

Eger şu madda tarapyndan göz öňünde tutulan hereketler raýatlaryň, beýleki guramalaryň ýa-da döwletiň hukuklaryna we kanuny bähbitlerine zyýan ýetiren bolsa, jenaýat yzarlaýyş umumy esaslarda amala aşyrylýar.

29. Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 50-nji maddasyna laýyklykda, özleriniň wezipesini ulanyp, peýda almak maksady bilen telekeçilik (täjirçilik) işinden ybarat bolan ýuridik şahslar telekeçi (täjir) şahslar bolup durýar.

30. Türkmenistanyň JK-nyň 289-njy maddasy boýunça:

a) jenaýatçylykly hereketler diňe wezipesinde ýa-da ýörite ygtyýarnamada görkezilen ygtyýarlyklardan peýdalanyp edilmelidir;

b) edilen hereketler edaranyň kanuny bähbitlerine ters gelmelidir;

ç) jenaýat özi üçin, başga adamlar üçin peýda görmek, artykmaçlyk gazanmak ýa-da beýlekilere zyýan ýetirmek maksady bilen edilen bolmalydyr;

d) edilen hereketler raýatlaryň, guramalaryň we döwletiň hukuklaryna hem-de kanuny bähbitlerine düýpli zyýan ýetiren bolmalydyr;

e) hyýanatçylykly hereketler bilen onuň getiren zyýanly netijesiniň arasynda sebäp baglanyşygy bolmalydyr.

31. Döwlet gulluk bähbitlerine garşy jenaýatlar boýunça wezipeli adamlar tarapyndan wezipe ygtyýarlyklary bilen bagly birnäçe jenaýat edilip, olar boýunça jogapkärçilik Türkmenistanyň JK-nyň dürli maddalarynda görkezilen bolsa, şol hereketler wezipe bilen baglanyşykly jenaýatlaryň jemi boýunça maddalaşdyrylman, diňe ýörite kada boýunça maddalaşdyrylamaga degişlidir.

Mysal üçin, eger wezipeli adam wezipesinden hyýanatly peýdalanyp, ynanylan emlägi eýelän ýa-da harç eden ýagdaýynda Türkmenistanyň JK-nyň 250-nji maddasynyň degişli bölekleri bilen jogapkärçilik çekýändigine, Türkmenistanyň JK-nyň 196-njy maddasynyň degişli bölekleri bilen goşmaça maddalaşdyrmagyň talap edilmeýändigine kazyýetlere düşündirmeli.

32. Kazyýetler kanunyň talaplaryna laýyklykda jenaýatyň edilmegine ýardam beren edaralaryň, kärhanalaryň, guramalaryň we aýry-aýry wezipeli adamlaryň işlerindäki anyk kemçilikleri açyp görkezmelidirler we hemmetaraplaýyn derňemelidirler. Garamagynda işleýän adamlaryň işine gözegçiligiň bolmandygy sebäpli edaranyň, kärhananyň, guramanyň adaty işiniň bozulmagyna ýa-da düýpli zyýanyň ýetirilmegine getiren, şeýle hem eýeçiliksizligiň ýagdaýlary anyklanan ýagdaýynda, şol kemçilikleri aradan aýyrmaklygy teklip edip, hususy kesgitnamalar (hususy kararlar) çykaryp degişlilikde edara kärhanalaryň, ministrlikleriň we pudak edaralarynyň ýolbaşçylarynyň dykgatyna ýetirilmelidir, ýeterlik esas bar bolan mahalynda bolsa jenaýat işi gozgamak boýunça zerur çäreleri görmelidirler.

33. Kazyýetler wezipe bilen baglanşykly jenaýatlary etmekde günäkär adamlara jeza çäresini kesgitlänlerinde, Türkmenistanyň JK-nyň 55-nji maddasyna laýyklykda, her bir iş boýunça jenaýatyň boluş ýagdaýyny hemme taraplaýyn seljerip, aýratyn çemeleşmegi gyşarnyksyz üpjün etmäge borçludyrlar, şunda jemgyýetçilik üçin howplulyk derejesine baha berlende, etmişiň maksady, bozulan ygtyýarlygyň we borçlaryň derejesi, jenaýatly hereketleriň dowamlylygy, ýetirilen zyýanyň häsiýeti, agyrlygy we beýleki ýagdaýlar, şeýle hem günäkär baradaky maglumatlar göz öňünde tutulmalydyr.

34. Türkmenistanyň JK-nyň 45-nji maddasynda görkezilen şertler bar mahalynda, kazyýetler hökmany suratda günäkär wezipeli adamy belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek görnüşindäki goşmaça jezany bellemek baradaky meseläni ara-alyp maslahatlaşmalydyrlar, şunda şeýle jezanyň, günäkäriň hereketleri maddalaşdyrylan kanunyň sanksiýasynda görkezilendigine ýa-da görkezilmändigine garamazdan, şol maddany ulanmak bilen bellenilip bilinýändigine hem üns berilmelidir.

35. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri degişli kazyýetler tarapyndan wezipe bilen baglanyşykly jenaýatlar barasyndaky işleriniň dogry çözülişine elmydama degerli kazyýet gözegçiligini amala aşyrmalydyrlar, bu babatda kazyýet iş tejribesini yzygiderli

umumylaşdyrmalydyrlar we ýüze çykarylan kemçiliklere degişli baha berip, olary düzetmek boýunça öz wagtynda kanuny çäreleri görmelidirler.

36. Şu Kararyň kabul edilmegi bilen, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumynyň 1995-nji ýylyň 20-nji oktýabryndaky "Wezipe bilen baglanyşykly jenaýatlar barasynda käbir görnüşli jenaýat işleri boýunça kazyýet iş ýörelgeleri hakynda" kararynyň güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy G.Hallyýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy J.Açylow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 5

2018-nji ýylyň 8-nji dekabry Aşgabat şäheri

Aliment töletmek bilen baglanyşykly işlere seredilende Türkmenistanyň kazyýetleri tarapyndan kanunçylygyň ulanylyşynyň iş tejribesi hakynda

(24.07.2021 ý. № 7; 18.12.2021 ý. № 12; 18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen)

Türkmenistanyň Maşgala kodeksinde göz öňünde tutulan aliment boýunça borçlar kämillik ýaşyna ýetmedik çagalaryň, kämillik ýaşyna ýeten zähmete ukypsyz kömege mätäç çagalaryň, şeýle hem bilim almagyň gündizki görnüşi boýunça ýaşy 23 ýaşdan uly bolmadyk okaýanlaryň, şeýle-de maşgalanyň maddy taýdan mätäç beýleki agzalarynyň ýaşaýyş şertlerini üpjün etmeklige, terbiýelemeklige we bilim bermeklige gönükdirilendir.

Aliment töletmek bilen baglanyşykly işlere seredilende kanunçylygyň dogry we birmeňzeş ulanylmagyny üpjün etmek maksady bilen, "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy

K A R A R E D Ý Ä R:

Umumy düzgünler

1. Aliment-maşgala agzalarynyň biriniň kanunda bellenen halatlarda beýlekilerini ekläp-saklamak üçin tölemäge borçly bolan serişdeleridir.

Aliment borçlarynyň ýüze çykmagy we bes edilmegi, şeýle-de alimente hukugy bolan adamlaryň we ony tölemäge borçly adamlaryň sanawy, alimenti tölemek we tutup almak, aliment borçlarynyň ýüze çykmagy we ýerine ýetirilmegi Türkmenistanyň Maşgala kodeksi bilen kadalaşdyrylandyr (VI bölüm).

Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň (mundan beýläk Türkmenistanyň MK-nyň) 142-nji maddasyna we 19-njy babyna laýyklykda, aliment taraplaryň ylalaşygy boýunça baglaşylan şertnama esasynda tölenip bilner, şeýle ylalaşyk bolmadyk halatynda we ata-eneler çagalaryny ekläp-saklamaýan bolsalar, olary ekläp-saklamak üçin serişdeler kazyýet tertibinde tutulyp alynýar.

Aliment almak baradaky işleriň kazyýete degişliligi barada mesele çözülende Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň (mundan beýläk Türkmenistanyň RIÝK-nyň) 35-nji, 38-nji we 39-njy maddalarynda göz öňünde tutulan düzgünlerden ugur alynmalydyr.

2. Türkmenistanyň RIÝK-nyň 39-njy maddasynyň 4-nji böleginiň mazmunyndan ugur alnanda, hak isleýjiniň saýlamagy boýunça düzgün aliment almak we atalygy anyklamak baradaky hak islegler (hak islegi jogap berijiniň ýaşaýan ýeri boýunça ýa-da hak isleýjiniň ýaşaýan ýeri boýunça bildirmek mümkinçiligi) ýokarda agzalan talaplar bir wagtda bildirilende, şeýle hem aliment tölemek hakynda şertnama boýunça aliment hukugy bolanlar ýa-da şol adamlaryň bähbidi üçin bildirilen ýagdaýynda hem degişlidir (Türkmenistanyň MK-nyň 142-162-nji maddalary).

Türkmenistanyň RIÝK-nyň 138-nji maddasynyň 4-nji bendine laýyklykda, atalygy (eneligi) anyklamak ýa-da üçünji taraplary çekmek zerurlygy bilen baglanyşykly bolmadyk, kämillik ýaşyna ýetmedik çagalar üçin alimentleri tutup almak hakynda bildirilen talaba buýruk önümçiligi boýunça kazyýet buýrugy hakynda kesgitnama çykarmak bilen seredilýär.

Türkmenistanyň RIÝK-nyň 145-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, kämillik ýaşyna ýetmedik çagalar üçin alimenti tutup almak hakyndaky kesgitnamada, şol maddanyň birinji böleginiň 1-5-nji we 8-nji bentlerinde göz öňünde tutulan maglumatlardan başga-da bergidaryň doglan senesi we ýeri, onuň iş ýeri, ekläp-saklamak üçin alimentler berilmeli her bir çaganyň ady we doglan senesi, bergidardan her aýda tutulyp alynýan töleglériň möçberi we olary tutup almagyň möhleti gözkezilmelidir.

Emma, kazyýet buýrugy esasynda kämillik ýaşyna ýetmedik çagalar üçin bellenilen pul möçberinde aliment alyp berilmegine ýol berilmeýär, sebäbi bu meseläniň çözgüdi Türkmenistanyň MK-nyň 145-nji maddasynyň 2-nji böleginde göz öňünde tutulan ýagdaýlaryň bardygyny ýa-da ýokdugyny barlamak zerurlygy ýüze çykýandygy sebäpli, bildirilen talap jedelsiz bolmaýar.

Kazyýet buýrugy hakynda kesgitnamany çykarmak barada berlen arza kazyýet buýrugy bilen çözülmäge degişli bolmasa (mysal üçin, bergidar ozal kazyýet çözgüdi esasynda başga adamlara aliment töleýän bolsa) kazy şol arzany kabul etmekden ýüz dönderýär hem-de arza berijä umumy tertipde kazyýete ýüz tutmaga hukugynyň bardygyny düşündirýär (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 142-nji maddasy).

Eger aliment almak baradaky arza boýunça kazyýet buýrugy hakynda kesgitnama çykarylandan soň bergidardan bildirilen talabyň garşysyna bellenilen möhletde närazylyk gelip gowuşsa, Türkmenistanyň RIÝK-nyň 147-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, kazy kazyýet buýrugy hakyndaky kesgitnamany sökýär, bu barada kesgitnama çykarýar we şol kesgitnamada kazy algydar tarapyndan bildirilen talabyň hak isleýiş önümçilik tertibinde bildirilip bilinýändigini düşündirýär.

3. Eger aliment tölemäge borçly adam bilen ony alýan adamyň arasyndaky ylalaşyk boýunça aliment tölemäge borçly adamyň ýa-da aliment alýan adamyň kämillik ukyby ýok bolan mahalynda, ol adamlaryň kanuny wekilleriniň arasynda aliment almak barada notarial tertipde tassyklanan şertnama bolup, aliment almak barada bildirilen talap, diňe şol bir wagtda aliment tölemek hakyndaky şertnamany ýatyrmak barada talap bildirilse we şol meseläni kazyýetsiz çözmek barada çäre görlendigi barada subutnama getirilse, ýa-da aliment tölemek baradaky ylalaşygy

hakyky däl diýip bilmek barada talap bildirilen ýagdaýynda, kazyýet tarapyndan seredilip bilner.

4. Türkmenistanyň RIÝK-nyň 80-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 3-nji bendine laýyklykda, aliment tutup almak we ekläp-saklamak hakynda hak islegleri boýunça döwletiň girdejisine kazyýet çykdajylaryny tölemekden hak isleýjiler boşadylýar.

Aliment töleýän ata (ene) tarapyndan kazyýet tertibinde kesgitlenen alimentiň möçberini azaltmak ýa-da ony tölemekden boşatmak barada bildirilen hak islegleriň bahasy degişlilikde Türkmenistanyň RIÝK-nyň 85-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 6-njy we 7-nji bentlerinde göz öňünde tutulan düzgünlere laýyklykda kesgitlenilýär.

5. Aliment tutup almak hakyndaky hak isleg boýunça raýat işini kazyýet seljerişine taýýarlananda ýa-da işe seredilende, jogap berijiniň kazyýet çözgüdi ýa-da kazyýet buýrugy hakyndaky kesgitnama esasynda ýa-da gaýry ýerine ýetiriş resminama esasynda aliment töleýändigi anyklanylsa, aliment alýanlary işe jedeliň närsesi babatda özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarap hökmünde Türkmenistanyň RIÝK-nyň 125-nji maddasyna laýyklykda işe gatnaşmaga çekilip bilner.

6. Alimente hukugy bar adamlar diýip, bellenen tertipde I, II we III topar maýyp diýip bilnen kämillik ýaşyna ýetenlere, şeýle-de umumy kesgitlenen pensiýa ýaşyna ýetenlere düşünmeli.

7. Bellenilen pul möçberinde alynmaly alimentiň möçberi kesgitlenende (Türkmenistanyň MK-nyň 145-nji, 151-nji, 152-nji, 63-nji we 162-nji maddalary) çagalara we ata-enelere goşmaça çykdajylaryň möçberi (Türkmenistanyň MK-nyň 146-njy we 153-nji maddalary), kämillik ýaşyna ýetmedik çagalar üçin paý görnüşinde ata-enäniň ähli girdejisinden (çagany ekläp-saklamak üçin aliment ata-enesinden (olaryň birinden) her aýda şu möçberde tutulyp alynýar: bir çaga üçin-girdejiniň dörtden biri; iki çaga üçin-girdejiniň üçden biri; üç we şondan köp çaga üçin-girdejiniň ýarysy (Türkmenistanyň MK-nyň 144-nji maddasynyň 1-nji bölegi), alynýan alimentiň möçberini azaltmak ýa-da ony tölemekden boşatmak, kazyýet tarapyndan kesgitlenen alimentiň möçberini üýtgetmek ýa-da ony tölemekden boşatmak (Türkmenistanyň MK-nyň 148-nji addasynyň 2-nji bölegi), aliment boýunça berginiň azaldylmagy ýa-da ony tölemekden doly ýa-da bölekleýin boşatmak (Türkmenistanyň MK-nyň 176-njy maddasy) we Türkmenistanyň MK-nyň VI bölüminiň kadalaryna laýyklykda, kazyýet tarapyndan taraplaryň maddy we maşgala ýagdaýlaryny göz öňünde tutup çözülende şu ýagdaýlardan ugur alynmalydyr:

- taraplaryň maliýe üpjünçiligi kesgitlenende girdejileriň hemme görnüşleri (zähmet haky, telekeçilikden gelip çykýan girdejiler, intelektual işiniň netijesinde alynýan girdejiler, pensiýany, kömek puluny, saglyga ýetirilen zyýanyň öwezini dolmakdan girdeji, şeýle-de taraplara degişli beýleki emläk (şol sanda gymmatly kagyzlar, paýlar, goýumlar we ş.m.) göz öňünde tutulmalydyr;

- aliment töleýäniň maşgala ýagdaýy anyklananda, aýratyn hem, olaryň başga kämillik ýaşyna ýetmedik ýa-da zähmete ukypsyz kämillik ýaşyna ýeten çagalarynyň, ýa-da kanun esasynda ekläp-saklamak borjy bolan beýleki adamlaryň bardygyny ýa-da ýokdugyny;

- beýleki üns berilmäge degişli ýagdaýlar diýip, mysal üçin aliment töleýäniň zähmete ukypsyzlygy, aliment alýanyň zähmete ukyplylygynyň dikeldilmegi;

8. Aliment almak isleýäniň, şoňa mätäçdigini anyklamak üçin, eger kanun tarapyndan şol ýagdaýlaryň bolmagy bilen baglaşdyrylýan bolsa, onuň durmuş üpjünçiliginiň özüni ekläp-saklamaga ýeterlikdigini ýa-da däldigini, onuň ýaşyny we saglyk ýagdaýyny, şeýle-de beýleki ýagdaýlary (zerur bolan iýmit önümlerini, egin-eşikleri, dermanlary edinmek, ýaşaýyş jaýyndan we jemagat hyzmatlaryndan peýdalanmagyň tölegleriniň tölemek ukyby) anyklanylmalydyr (Türkmenistanyň MK-nyň 152-nji, 153-nji, 60-njy, 61-nji, 155-nji, 157-nji, 159-njy we 161-nji maddalary).

9. Zähmete ukypsyz kämillik ýaşyna ýeten eklenje mätäç çagalar we beýleki kämillik ýaşyna ýetenler üçin bellenilen pul möçberinde alynmaly alimentiň möçberi taraplaryň maddy we maşgala ýagdaýlaryny we üns bermäge degişli beýleki ýagdaýlary hasaba almak bilen kesgitlenilmelidir (Türkmenistanyň MK-nyň 142-nji, 151-nji, 152-nji, 60-njy, 61-nji, 155-157-nji, 159-njy we 161-nji maddalary).

Şunda kazyýet taraplaryň bähbitleriniň deňagramlylygynyň üpjün edilmegini zerurdygyny hem göz öňünde tutmalydyr.

Kämillik ýaşyna ýetmedikler üçin olaryň ata-enesinden (ozalky perzentlige alanlardan) aliment almak

10. Türkmenistanyň MK-nyň 142-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, ata-eneler kämillik ýaşyna ýetmedik, kämillik ýaşyna ýeten zähmete ukypsyz kömege mätäç bolan çagalary, şeýle hem, bilim almagyň gündizki görnüşi boýunça, ýöne ýigrimi üç ýaşdan uly bolmadyk okaýanlary ekläp-saklamaklyga borçludyrlar we olary ekläp-saklamagyň şertleri ata-eneler tarapyndan özbaşdak kesgitlenilýär.

Eger ata-eneler çagalaryny ekläp-saklamaýan bolsalar, olary ekläp-saklamak üçin serişdeler kazyýet tertibinde tutulyp alynýar.

Notarial tertipde tassyklanan şertnamanyň ýoklugynda ata-enäniň biriniň meýletinlikde aliment tölemekligi, aliment almak baradaky talaba kazyýet tarapyndan seredilmegine päsgel bermeýär.

11. Kämillik ýaşyna ýetmedik çaga üçin aliment almak baradaky arza bilen kazyýete:ata-eneleriň biri; çaga bellenen hossar we howandar; perzentlige alanlar, eger çaga bir adam tarapyndan perzentlige alnanda ata-enäniň beýlekisi bilen şahsy emläk we emläk hukuklary hem-de borçlary saklanyp galan bolsa (Türkmenistanyň MK-nyň 119-njy maddasynyň 4-nji bölegi); ýetim çagalar we ata-enäniň howandarlygyndan galan çagalar üçin gurama, eger olar howandarlyk we hossarlyk borçlaryny ýerine ýetirýän bolsalar, haklydyrlar.

Türkmenistanyň MK-nyň 65-nji maddasyna laýyklykda, ata-enäniň we çaganyň özara hukuklary we borçlary çaganyň gelip çykyşynyň Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde tassyklanan wagtynda ýüze çykýar, şol sebäpli kämillik ýaşyna ýetmedik çaga üçin aliment almak baradaky talap bilen kazyýete ýüz tutulanda arza beriji aliment tölemeklige borçly hasap edilýäniň çaganyň ata-enesiniň biridigini tassyklaýan subutnamalary bermäge borçlydyr.

Nikada bolmadyk aýalyň hem çaganyň atalygynyň anyklanmagy bilen aliment almak barada kazyýete ýüz tutmaga hukugy bardyr.

12.Çagany ekläp-saklamak üçin serişdeleri almak baradaky talap, çaganyň 18 ýaşynyň dolmagyndan ýa-da nika baglaşmagy netijesinde doly kämillik ukybyna eýe bolmazyndan öň bildirilip bilner (Türkmenistanyň RK-nyň 23-nji maddasynyň 2-nji bölegi).

Eger kazyýete arza berlen wagtda çaga 18 ýaşyny dolduran bolsa ýa-da 18 ýaşyna ýetmänkä nika baglaşylmagy netijesinde doly kämillik ukybyna eýe bolan bolsa, onda kazyýet arzany kabul etmekden ýüz dönderýär, eger-de hak isleg boýunça önümçilik gozgalan bolsa kazyýet iş boýunça önümçiligi bes edýär.

13. Kazyýet Türkmenistanyň MK-nyň 127-nji maddasynyň 3-nji bölegi bilen çagany perzentlige almak ýatyrylanda çaganyň iň gowy bähbitlerini nazara almak bilen, öňki perzentlige alany agzalan Kodeksiň 144-nji we 145-nji maddalarynda bellenilen möçberlerde, çagany ekläp-saklamak üçin serişdeleri tölemäge borçly etmäge haklydyr.

Öňki perzentlige alanlardan çagany ekläp-saklamak üçin alynmaga degişli serişdäniň möçberi kesgitlenende, şol serişdäniň möçberini üýtgedilende ýa-da tölemekden boşadylanda öňki perzentlige alanlar tarapyndan çaganyň eklenji üçin serişdäni töletmekde ýüze çykýan beýleki meseleler kazyýet tarapyndan kämillik ýaşyna ýetmedik çagalar üçin ata-enelerinden aliment tölemekde ulanylýan düzgünlere laýyklykda çözülýär.

14. Kämillik ýaşyna ýetmedik çaga üçin aliment almak baradaky talap ata-enäniň zähmete ukyplydygyna bagly bolman, şeýle-de çaganyň alimente mätäçligi bilen baglaşdyrylman kanagatlandyrylmaga degişlidir.

Kämillik ýaşyna ýetmedik çagalar üçin aliment ata-eneleriň girdejisinden paý görnüşinde (Türkmenistanyň MK-nyň 144-nji maddasy), ýa-da Türkmenistanyň MK-nyň 145-nji maddasynda göz öňünde tutulan ýagdaýlar bolanda, kesgitlenen pul möçberinde alnyp bilinýär.

15. Alimentiň möçberini ata-enäniň girdejisinden paý görnüşinde kesgitlenende Türkmenistanyň MK-nyň 144-nji maddasynyň 1-nji böleginde göz öňünde tutulyşy ýaly her aýda ata-enäniň girdejisiniň bir çaga üçin-dörtden bir, iki çaga üçin-üçden bir bölegi, üç we şondan köp çaga üçin-girdejisiniň ýarysy möçberinde aliment alynýar.

Aliment tölemegiň şol bellenilen möçberi Türkmenistanyň MK-nyň 144-nji maddasynyň 2-nji böleginde göz öňünde tutulan esaslar boýunça kazyýet tarapyndan azaldylyp bilinýär.

16. Kazyýetiň çözgüdi bilen aliment tölemäge borçly atanyň (enäniň) wagtly-wagtynda alynmaýan, üýtgäp durýan girdejisi bolan halatynda, şeýle-de Türkmenistanyň MK-nyň 144-nji maddasynyň 1-nji böleginde bellenilen möçberlerde alimentiň tutulyp alynmagy mümkin bolmadyk ýa-da kyn bolan halatlarynda, alimentiň tölenilmegini talap edýän adamyň haýyşy boýunça her aýda tölenilmäge degişli alimenti kesgitlenen pul möçberinde alnyp bilner (Türkmenistanyň MK-nyň 145-nji maddasy).

Kesgitlenen pul möçberi Türkmenistanyň MK-nyň 145-nji maddasynyň 2-nji böleginde göz öňünde tutulan ýagdaýlar bilen bir wagtda, çaganyň ýeterlik derejede üpjün edilmegine mümkinçilik berýän maddy ýagdaýyna görä kesgitlenilmelidir.

Eger çagalar ata-enäniň her haýsynyň ýanynda galýan bolsa, ata-enäniň birinden üpjünçiligi pes bolan atanyň (enäniň) beýlekisiniň haýryna her aýda tutulyp alynýan alimentiň möçberi şu maddanyň 2-nji bölegine laýyklykda kazyýet tarapyndan kesgitlenilýär.

Ýagny, şu görnüşli işlere seredilende kazyýet ilki bilen äriň (aýalyň) maddy we maşgala ýagdaýlaryndan, şeýle-de işiň dogry we kanunalaýyk çözülmegi üçin üns berilmäge degişli beýleki ýagdaýlaryň jeminden ugur alyp jedeli çözmelidir.

Görkezilenlere, äriň (aýalyň) işleýändigi we özbaşdak zähmet gazanjynyň bardygy, ýaşy we saglyk ýagdaýy, maşgalasynda işe ýarawly başga adamlaryň bolmagy, ýaşaýyş jaý we durmuş şertleri we ş.m. degişli edilip bilner. Kazyýetler her bir ýagdaýda bildirilen talap boýunça taraplaryň getiren delillerini barlamalydyr we olara kanun esasda baha bermelidir.

17. Eger alimenti kesgitli pul möçberinde alyp bermek baradaky hak isleýiş arza seredilende kanunda göz öňünde tutulan esaslar, ýagny Türkmenistanyň MK-nyň 145-nji maddasynyň 1-nji böleginde görkezilen esaslar bolmasa, kazyýet taraplaryň öňünde agzalan Kodeksiň 144-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, alimenti girdejiden paý görnüşinde almak mümkinçiligini maslahata goýýar we çaganyň hukuklarynyň ýola goýulmagy we olaryň ileri tutulmagynyň üpjün edilmegini berjaý etmek bilen, kazyýet alimenti paý görnüşinde töletmek barada çözgüt çykarýar.

18. Türkmenistanyň MK-nyň 145-nji maddasynyň 2-nji böleginde göz öňünde tutulyşy ýaly, ata-eneden we perzentligi ýatyrylan öňki perzentlige alandan (Türkmenistanyň MK-nyň 127-nji maddasynyň 3-nji bölegi) kesgitlenen pul möçberinde kämillik ýaşyna ýetmedik çagalar üçin alynýan alimentiň möçberi taraplaryň maddy we maşgala ýagdaýlaryny we üns bermäge degişli beýleki ýagdaýlary göz öňünde tutup, çaganyň öňki üpjünçiliginiň ýokary derejesini saklamak mümkinçiligi göz öňünde tutmak bilen kesgitlenilýär.

Ata-enäniň howandarlygyndan galan çagalar we ata-enäniň hukuklaryndan mahrum edilenleriň çagalary üçin aliment almaklygyň aýratynlyklary

19. Türkmenistanyň MK-nyň 150-nji maddasynyň 2-nji böleginiň manysyna görä, ata-eneleriň howandarlygyndan galan we durmuş hyzmaty edaralarynda ýa-da beýleki edaralarda bolýan çagalar üçin aliment diňe çagalaryň ata-enesinden alynýar we çagalar babatda aliment tölemeklige borçly beýleki maşgala agzalaryndan alynmaga degişli däldigi görünýär.

Türkmenistanyň MK-nyň 95-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda ata-enäniň (olaryň biriniň) ata-enelik hukugyndan mahrum edilmegi, olary öz çagasyny ekläp-saklamak borçlaryndan boşatmaýar.

Kämillik ýaşyna ýetmedik çagalar üçin aliment almak baradaky çözgüdi çykarmak we ony ýerine ýetirmek bilen bagly meseleleriň çözgüdi. Kazyýetiň çözgüdiniň karara geliş bölegi

20. Türkmenistanyň MK-nyň 142-nji maddasyna laýyklykda, kazyýet tertibinde tutulyp alynýan çagalaryň eklenji üçin serişdeleri çagalar kämillik ýaşyna ýetýänçäler tutulyp alynmaly edilýär. Emma kazyýet buýrugy ýa-da kazyýet çözgüdi bilen aliment tölenilýän çaga on sekiz ýaşa ýetmänkä kämillik ukybyna eýe bolsa (Türkmenistanyň RK-nyň 23-nji maddasynyň 2-nji bölegi), onuň eklenji üçin serişdeleri tölemeklik bes edilýär (Türkmenistanyň MK-nyň 181-nji maddasynyň 2-nji böleginiň 1-nji bendi).

21. Eger aliment almak baradaky talap, atalygy anyklamak baradaky hak isleg bilen bir wagtda bildirilen bolsa, atalygy anyklamak baradaky hak isleg kanagatlandyrylan halatynda aliment şony almak barada talap bildirilen gününden alyp başlamalydygy kesgitlenilýär.

Atalygy anyklamak we aliment almak baradaky talaplara bir wagtda seredilip kanagatlandyrylan ýagdaýda çözgüdiň aliment almak baradaky bölegi Türkmenistanyň RIÝK-nyň 250-nji maddasyna laýyklykda haýal etmän ýerine ýetirilmäge degişlidir.

22. Türkmenistanyň MK-nyň 147-nji maddasyna laýyklykda, kämillik ýaşyna ýetmedik çagalar üçin onuň dogluş hakyndaky şahadatnamasynda jogap berijiniň atasy (enesi) diýip ýazylan halatynda (Türkmenistanyň MK-nyň 70-nji maddasynyň 1-2-nji bölekleri) kazy işe seredilmezden öň alimentiň wagtlaýyn tutulyp alynmagy hakynda kesgitnama çykarmaga haklydyr.

Agzalan kadanyň mazmunyndan görnüşine görä, eger-de jogap beriji çagalary eklemek borjuny ýerine ýetirmeýän bolsa, kazyýetde arza kabul edilenden soň kazy tarapyndan çözgüt çykarylmazdan öň kämillik ýaşyna ýetmedik çagalar üçin wagtlaýyn aliment tutulyp alynmagy baradaky kesgitnama çykarylyp bilner.

23. Eger aliment tutup almak baradaky çözgüt ýerine ýetirilende çaga aliment töleýän ata-enesiniň terbiýelemegine we eklemegine geçse, çaga özüniň eklenjinde bolmadyk aliment alýan bolsa we ony almakdan ýüz döndermese, aliment tölemekden boşatmak, şeýle-de aliment boýunça bergini azaltmak çözgüdi ýerine ýetirmek tertibinde däl-de, kazyýet tarapyndan hak isleg önümçiligi tertibinde çözülýär.

Alimenti alýan adam ony almakdan ýüz dönderen ýagdaýynda, alimentleri we şol boýunça bergini almak baradaky ýerine ýetiriş önümçiligi kazyýet tarapyndan bes edilýär.

24. Türkmenistanyň MK-nyň 181-nji maddasynyň 2-nji böleginiň 3-nji bendine laýyklykda, kazyýet tertibinde tutulyp alynýan alimentiň tölenilmegi ekläp-saklanylmagy üçin aliment tutulyp alynýan çaga perzentlige alnanda bes edilýär.

Eger perzentlige almak hakyndaky häkimiň çözgüdi güýje giren gününe çenli perzentlige alnan çaganyň aliment tölemäge borçly ata-enesiniň bergisi bar bolsa, şony tölemekden doly ýa-da bölekleýin boşatmak bergidar ata-enäniň hak islegi boýunça Türkmenistanyň MK-nyň 176-njy maddasynyň 2-nji böleginde göz öňünde tutulan ýagdaýlary hasaba almak bilen kazyýet tertibinde çözülýär.

Çaga perzentlige alnanda Türkmenistanyň MK-nyň 119-njy maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda, çagany perzentlige almak hakyndaky häkimiň çözgüdinde perzentlige alnan çaganyň ata-enesi bilen (olaryň biri bilen) şahsy emläk däl we emläk gatnaşyklaryny saklap galýandygy hakynda görkezilen bolsa, kazyýet tertibinde alimenti tölemek borjundan boşadylmaýar. Görkezilen ýagdaýda tölenýän alimentiň möçberini azaltmak, ony tölemekden we şol boýunça bergiden doly ýa-da bölekleýin boşatmak meselesi hak isleg önümçiligi tertibinde kazyýet tarapyndan, gyzyklanýan taraplaryň arzasy boýunça seredilmelidir.

Kämillik ýaşyna ýeten zähmete ukypsyz kömege mätäç çagalar üçin aliment tutup almak, kämillik ýaşyna ýeten zähmete ukyply çagalaryň zähmete ukypsyz ata-enelerini ekläp-saklamak borjy

25. Zähmete ukypsyz kömege mätäç kämillik ýaşyna ýeten çagalar üçin aliment almak baradaky hak isleg kämillik ýaşyna ýetenleriň özleri tarapyndan bildirilip bilner, emma olar degişli tertipde kämillik ukyby ýok diýip bilnen bolsalar-bellenilen hossar tarapyndan bildirilmäge degişlidir.

Alynmaly alimentiň möçberi kazyýet tarapyndan Türkmenistanyň MK-nyň 151-nji maddasyna laýyklykda kesgitlenilýär. Şonda kazyýet anyk ýagdaýlary hasaba almak bilen aliment almaklygyň degişli aralygy (mysal üçin, zähmete ukypsyz diýip bilnen döwrüň dowamy tamamlanýança) tölemekligi görkezmek bilen, şunda aliment tölemekligiň ahyrky güni anyk görkezilmelidir.

26. Türkmenistanyň MK-nyň 152-nji maddasyna laýyklykda zähmete ukypsyz ata-eneler öz zähmete ukyply kämillik ýaşyna ýeten çagalaryndan eklenç talap etmäge haklydyrlar.

Şeýle hak islege seredilende kazyýet şol ata-enäniň başga kämillik ýaşyna ýeten çagalarynyň bardygyny, olaryň haýsysy we haýsy görnüşde we möçberde kömek berýändigini we şoňa baglylykda Türkmenistanyň MK-nyň 152-nji maddasynyň 4-nji bölegine laýyklykda, alimentiň möçberi kesgitlenen mahalynda ähli çagalaryna, olaryň birine ýa-da birnäçesine talap bildirilendigine garamazdan, kazyýet atanyň (enäniň) ähli zähmete ukyply kämillik ýaşyna ýeten çagalaryny nazara almalydyr.

Eger hak isleýjileriň öz ata-enelik borçlaryny ýerine ýetirmekden ýüz dönderendikleri kazyýet tarapyndan anyklanan bolsa, kämillik ýaşyna ýeten zähmete ukyply çagalar zähmete ukypsyz ata-enelerini ekläp-saklamak borjundan boşadylyp bilner (Türkmenistanyň MK-nyň 152-nji maddasynyň 5-nji bölegi).

Eger hak isleýjiler jogap beriji babatda ata-enelik hukugyndan mahrum edilendigi anyklansa, kazyýet aliment tutup almak baradaky talaby kanagatlandyrmakdan ýüz dönderýär (Türkmenistanyň MK-nyň 152-nji maddasynyň 6-njy bölegi).

Är-aýalyň we öňki är-aýalyň biri-birini eklemek borjy

27. Är-aýalyň biriniň beýlekisinden eklenç almak hakyndaky hak islegi çözülende är-aýalyň hukuklary we borçlary, şol sanda biri-birine maddy taýdan

goldamak borçlary nikanyň baglaşylmagynyň döwlet tarapyndan bellige alnan gününden ýüze çykýandygyny göz öňünde tutulmalydyr (Türkmenistanyň MK-nyň 10-njy we 60-njy maddalary, Raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alynmagynyň tertibi hakynda düzgünnamanyň III bölümi).

Kazyýet tertibinde är-aýalyň we öňki är-aýalyň biriniň beýlekisinden eklenç talap etmäge hukuklary kanun tertibinde kesgitlenen (Türkmenistanyň MK-nyň 60-njy, 61-nji maddalary).

Nikany hakyky däl diýip bilnen ýagdaýynda, nikanyň baglaşylmagyna ýol bermeýän ýagdaýlar hakynda bilmedik we bilmegi mümkin bolmadyk är (aýal) hem, öňki ärine (aýalyna) eklenç almak barada hak isleg bildirmäge haklydyr (Türkmenistanyň MK-nyň 39-njy maddasynyň 2-nji bölegi).

28. Türkmenistanyň MK-nyň 60-njy maddasynyň 2-nji we 61-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 3-nji bendine laýyklykda, aýaly (ozalky aýaly) ärinden (öňki ärinden) göwrelilik döwründe bolsa we umumy çagasy üç ýaşyna ýetýänçä eklenç berilmegini kazyýet tertibinde talap etmäge haklydyr.

Hak isleýjiniň şol döwürde zähmet hakynyň ýa-da gaýry girdejisiniň bolmagy kazyýet tarapyndan jogap berijiden alynmaga degişli eklenjiň möçberi kesgitlenende hasaba alnyp bilner.

Eger är-aýalyň umumy çagasyny üç ýaşyna ýetýänçä çaganyň atasy terbiýeleýän bolsa, enesi bolsa ony terbiýelemekden we eklemekden boýun gaçyran bolsa, kanunçylygyň meňzeşligi boýunça ulanylmagyny göz öňünde tutup, agzalan äri (ozalky äri) aýalyna (ozalky aýalyna) çaga üç ýaşyna ýetýänçä eklenç tölemek baradaky hak isleg bilen kazyýete ýüz tutmaga haklydyr.

Är-aýalyň umumy çagasy üç ýaşyna ýetýänçä, eklenç alýanyň işe başlap, onuň maddy ýagdaýy üýtgän halatynda, bergidaryň eklenç almagyň möçberini azaltmak ýa-da eklenç almagy ýatyrmak hakynda kazyýete hak islegi bilen ýüz tutmaga haklydygyny kazyýetlere düşündirmeli.

29. Türkmenistanyň MK-nyň 61-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 1-nji bendine laýyklykda, öňki äriniň (aýalynyň) zähmete ukypsyzlygy nikada durýan döwründe ýa-da nikanyň bozulan gününden başlap bir ýylyň dowamynda ýüze çykan bolsa zähmete ukypsyz öňki äri (aýaly) kazyýet tertibinde öňki ärinden (aýalyndan) eklenç talap etmäge haklydyr.

30. Pensiýa ýaşyna ýeten eklenje mätäç öňki äriniň (aýalynyň) öňki aýalyndan (ärinden) eklenç almak baradaky hak islegi çözülende (Türkmenistanyň MK-nyň 61-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 2-nji bendi), pensiýa ýaşy diýip, umumy tertipde ýaşy boýunça pensiýa çykanlar diýip düşünmeli.

31. Öňki ärini (aýalyny) ekläp-saklamak borjundan öňki äriniň (aýalynyň) boşadylmagy üçin soňkynyň bilkastlaýyn jenaýat etmeginiň netijesinde zähmete ukypsyzlygy ýüze çykmagy bolup, şol fakt kazyýetiň güýjüne giren aýyplaw hökümi bilen ýa-da deslapky derňewiň, jenaýat işini günäsiz hasap edilmän, jenaýat işini ýatyrmak baradaky karar (kesgitnama) göz öňünde tutulmalydyr.

Maşgalanyň beýleki agzalarynyň aliment tölemek borjy

32. Aliment almaga hukugy bolan beýleki maşgala agzalarynyň kämillik ýaşyna ýetmedik we kämillik ýaşyna ýeten zähmete ukypsyz doganlar, kämillik ýaşyna ýetmedik we kämillik ýaşyna ýeten zähmete ukypsyz agtyklar, zähmete ukypsyz atalar we eneler, zähmete ukypsyz hakyky terbiýeçiler, kakasy we öweý ejesi degişlidir.

Görkezilenleriň aliment almak baradaky hak isleglerine kazyýetde seredilende, şolaryň öz ata-enelerinden, kämillik ýaşyna ýeten kämillik ukyply çagalaryndan, ärinden (aýalyndan), öňki ärinden (aýalyndan) aliment almak mümkinçiligi bolmadyk ýagdaýynda, öz maşgala agzalaryndan aliment almak hukugynyň ýüze çykýandygyny göz öňünde tutulmalydyr.

33. Hakykatda terbiýeçi bolan diýlip (Türkmenistanyň MK-nyň 159-njy maddasy), çaganyň garyndaşlary we garyndaşlygy bolmadyk, çagany hakykat ýüzünde terbiýelän we ekläp-saklanlara düşünmeli, emma hossarlar (howandarlar) hakyky terbiýeçilere degişli däldir.

Kazyýetler tarapyndan aliment tölemek hakyndaky şertnamany üýtgetmek, ýatyrmak we hakyky däl diýip ykrar etmek hakyndaky işlere seretmek

34. Türkmenistanyň MK-nyň 163-nji we 164-nji maddalaryna laýyklykda, aliment tölemek hakyndaky şertnama aliment tölemäge borçly adam bilen ony alýan adamyň, aliment tölemäge borçly adamynyň ýa-da aliment alýanyň kämillik ukyby ýok bolan mahalynda-ol adamlaryň wekilleriniň arasynda notarial tertipde tassyklanan ýazmaça ylalaşykdyr.

Şol ylalaşygyň ýerine ýetiriş namasy ýaly güýji bardyr.

35. Aliment tölemek hakyndaky ylalaşygyň üýtgedilmegi, ýatyrylmagy ýa-da hakyky däl diýip ykrar etmek baradaky jedellere seredilende Türkmenistanyň raýat kanunçylygynyň kadalaryny ulanylmalydyr (Türkmenistanyň MK-nyň 165-nji maddasynyň 1-nji bölegi).

Agzalan kadanyň talaplaryny şeýle-de Türkmenistanyň MK-nyň 165-nji maddasynyň 4-nji böleginiň talaplaryny hasaba almak bilen aliment tölemek hakyndaky şertnamany üýtgetmek ýa-da ýatyrmak baradaky jedele diňe hak isleýji tarapyndan jedeli jogap beriji bilen özara çözlüşmek barada çäre görülendigi barada subutnama getirilen ýagdaýynda seredilip bilner.

Eger hak isleýji tarapyndan şeýle subutnamalary kazyýetiň ygtyýaryna berilmedik bolsa, Türkmenistanyň RIÝK-nyň 154-nji we 261-nji maddalaryna laýyklykda, kazyýet hak isleýiş arzany yzyna gaýtarýar, eger iş gozgalan bolsa hak isleýiş arzany seretmän galdyrýar.

Alimentiň kazyýet tarapyndan bellenilen möçberini üýtgetmek we ony tölemekden boşatmak baradaky jedelleri çözmek. Aliment boýunça bergi

36. Türkmenistanyň MK-nyň 180-nji maddasynyň mazmunyndan gelip çykyşyna görä alimentiň möçberini üýtgetmek ýa-da ony tölemekden boşatmak baradaky talap alimenti tölemäge borçly we alimenti alýan tarapyndan olaryň maddy we maşgala ýagdaýlary üýtgän ýagdaýynda bildirilip bilner.

Aliment töleýän ata-enäniň alimentiň möçberini azaltmak baradaky talaby çözülende onuň maddy we maşgala ýagdaýynyň üýtgemegi hak islegiň kanagatlandyrylmagyna gürrüňsiz esas bolup bilmeýär, şonuň üçin şeýle üýtgemeklik üçin alimenti öňki möçberde tölemeklige mümkinçilik bermeýändigi anyklanmalydyr.

37. Kazyýet tarapyndan çagalar we maşgalanyň beýleki agzalary üçin kesgitlenen alimentiň möçberi üýtgedilende, täze kesgitlenen möçberde aliment kazyýetiň çözgüdiniň kanuny güýjüne giren gününden töledilip başlanmalydyr.

38. Türkmenistanyň MK-nyň 176-njy maddasynyň 2-nji böleginde görkezilen ýagdaýlarda, ýagny hak isleýjiniň näsaglygy sebäpli ýa-da esasly başga sebäplere görä (mysal üçin, öňüni alyp bolmaýan güýçler sebapli, hak isleýjiniň maddy we maşgala ýagdaýlarynyň üýtgemegi) aliment tölenilmändigini hem-de hak isleýjiniň maddy ýagdaýynyň agyrlaşmagynyň (mysal üçin, önuň zähmet hakynyň ýa-da gaýry girdejisiniň azalmagy) we maşgala ýagdaýynyň üýtgemeginiň (mysal üçin, hak isleýjiniň kanun esasynda eklemäge borçly bolanlarynyň sanynyň köpelmegi) emele gelen bergini üzmäge mümkinçilik bermeýändigini kazyýet anyklasa, onda hak isleýjiniň aliment boýunça bergisini doly ýa-da bölekleýin boşatmak barada bildiren hak islegini kanagatlandyrmak barada netijä gelnip bilner.

39. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň raýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri aşaky kazyýetler tarapyndan aliment töletmek bilen baglanyşykly işlere seredilende kanunçylygyň dogry we birmeňzeş ulanylmagyny üpjün etmek maksady bilen, bu görnüşli işleri wagtal-wagtal umumylaşdyrmalydyrlar we ýüze çykarylan kemçilikleriň gaýtalanmazlygy üçin zerur degişli çäreleri görmelidirler, şol sanda kazyýetlere amaly kömekleri bermelidirler.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy G.Hallyýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy J.Açylow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

KARARY № 6

2018-nji ýylyň 8-nji dekabry Aşgabat şäheri

Arbitraž işleri kazyýet seljerişine taýýarlananda iş ýörediş kanunynyň ulanylyşynyň kazyýet iş tejribesi hakynda

(18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksiniň rejelenen görnüşinde tassyklanyp, herekete girmegi bilen baglylykda, onuň işleri kazyýet seljerişine taýýarlamak baradaky kadalarynyň kazyýetler tarapyndan birmeňzeş ulanylmagyny hem-de kazyýet seljerişine taýýarlyk işleriniň öz wagtynda we dogry guralmagyny üpjün etmek maksady bilen, "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy,

KARAR EDÝÄR:

1. Arbitraž işini kazyýet seljerişine taýýarlamak - munuň özi, arbitraž iş ýöredişiniň özbaşdak tapgyry bolup, Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksiniň (mundan beýläk Türkmenistanyň AIÝK-nyň) 112-nji maddasyna laýyklykda, birinji basgançakly arbitraž kazyýetiniň önümçiliginde bar bolan her bir iş boýunça kazy tarapyndan amala aşyrylmalydygyna we işleri kazyýet seljerişine taýýarlamagyň kanunda bellenen tertibiniň doly we dogry berjaý edilmezliginiň kazyýet seljerişiniň gaýra goýulmagyna, süýrenjeňlige salynmagyna, işiň hakyky ýagdaýynyň anyklanmagyna ýaramaz täsirini ýetirýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Şoňa görä-de, kazyýet seljerişine diňe Türkmenistanyň AIÝK-nyň XI babynda göz öňünde tutulan zerur bolan degişli taýýarlyk hereketleri ýerine ýetirilenden soň girişilmelidir.

Türkmenistanyň AIÝK-nyň 105-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, hak isleýiş arzasyny kazyýetiň önümçiligine kabul etmek hakyndaky mesele kazy tarapyndan hak isleýiş arzanyň arbitraž kazyýetine gelip gowşan gününden başlap bäş günüň dowamynda, kesgitnama çykarmak arkaly çözülmelidir.

Eger hak isleýiş arzasy Türkmenistanyň AIÝK-nyň 101-nji maddasynyň talaplaryna laýyk gelmeýän bolsa, onda kazy ony kazyýetiň önümçiligine kabul etmeýär we kazyýet seljerişine taýýarlamaklyga girişmeýär hem-de Türkmenistanyň AIÝK-nyň 108-nji maddasyna laýyklykda, ondaky kemçilikleri görkezip, olary düzetmek üçin hak isleýiş arzany, onuň gowşan gününden başlap bäş günden gijä goýman yzyna gaýtarýar, bu barasynda kazy kesgitnama çykarýar.

Hak isleýiş arzasynyň yzyna gaýtarylyp berilmegi muňa esas bolan ýagdaýlar aradan aýrylandan soň şol hak isleýiş arza bilen arbitraž kazyýetine umumy tertipde ýüz tutulmagyna päsgel bermeýär.

2. Kazy Türkmenistanyň AIÝK-nyň 106-njy maddasynyň 1-nji böleginde göz öňünde tutulan ýagdaýlary anyklan halatynda hak isleýiş arzany kabul etmekden ýüz döndermek hakynda kesgitnama çykarýar we ony arza gowşan gününden başlap bäş günden gijä galynman işe gatnaşyjylara iberýär.

Hak isleýiş arzany kabul etmekden ýüz döndermek hakyndaky kesgitnama barada bellenilen tertipde şikaýat edilip we garşylyknama getirilip bilner. Agzalan kesgitnama ýatyrylan halatynda hak isleýiş arzasy kazyýete ilkibaşda ýüz tutulan güni berlen diýlip hasap edilýär.

3. Kazy hak isleýiş arzany kabul etmek hakyndaky meseläni ýekelikde çözýär we onuň kabul edilendigi hakynda kesgitnama çykarýar. Şunda kazy, arbitraž kazyýet önümçiliginiň wezipeleriniň ýuridik şahslaryň we hususy telekeçileriň hukuk ýagdaýyna eýe bolan adamlaryň (mundan beýläk fiziki şahslar) bozulan ýa-da jedelleşilýän hukuklaryny we bähbitlerini goramakdan ybaratdygyndan ugur alyp, taraplaryň hukuk ýagdaýyny hem-de jedeliň haçan we nähili hukuk gatnaşygyndan gelip çykandygyny anyklamak üçin zerur çäreleri görmelidir. Jedelli hukuk gatnaşygynyň haçan we nähili hukuk ýagdaýdaky şahslaryň arasynda ýüze çykandygyny anyklamaklygyň, jedeliň arbitraž kazyýetine degişliligi baradaky meseläniň çözgüdi üçin zerurdyr. Mysal üçin, fiziki şahs telekeçi hökmünde hasaba alynmazdan ozal başga bir fiziki şahs (telekeçi) bilen karz alyş-beriş şertnamasyny baglaşyp, bergidar tarapyň şertnamanyň şertlerini bozmagy netijesinde ýüze çykan jedel boýunça, hak islegi arbitraž kazyýetinde däl-de, umumy kazyýetlerde seredilmäge degişlidir, çünki taraplaryň arasynda raýat hukuk gatnaşygy fiziki şahsyň telekeçi hökmünde hasaba alynmazdan öň döräp, onuň işiň kazyýetde seredilýän döwründe telekeçilik hukuk ýagdaýyna degişli bolmaýandygyny kazyýetlere düşündirmeli. Şoňa görä-de, kazy hak isleýjiniň şeýle hak islegi bilen ýüzlenmäge hukugynyň ýoklugyny anyklan halatynda Türkmenistanyň AIÝK-nyň 106-njy maddasynyň 1-nji böleginiň 1-nji bendine laýyklykda, hak isleýiş arzasyny kabul etmekden ýüz döndermek barada, eger-de hak isleýiş arza kabul edilen bolsa, onda şol Kodeksiň 141-nji maddasynyň 1-nji bendine laýyklykda, iş boýunça önümçiligi bes etmek barada kesgitnama çykarmalydyr.

Türkmenistanyň AIÝK-nyň 105-nji, 112-nji we 113-nji maddalarynda göz öňünde tutulan kadalarynyň manysyndan görnüşine görä, kazy ilki bilen hak isleýiş arzany kazyýetiň önümçiligine kabul etmek meseläni çözýär we kabul edilmäge degişli bolan halatynda ol hak isleýiş arzany kazyýetiň önümçiligine kabul etmek we arbitraž işini gozgamak hakynda kesgitnama çykarmaly we diňe şondan soň kazy işi kazyýet seljerişine taýýarlamak boýunça hereketlere girişmek üçin, işi kazyýet seljerişine taýýarlamak barada kesgitnama çykaryp, işi kazyýet seljerişine taýýarlamak boýunça hereketlere girişýär.

Kazyýet çözgüdi sökülip, täzeden seredilmäge iberilen işler boýunça kazyýet seljerişine taýýarlamak boýunça goşmaça hereketleri geçirmek zerurlygy ýüze çykanda hem kazy işi kazyýet seljerişine taýýarlamak hakynda kesgitnama çykarýar, eger-de onuň ýaly zerurlyk ýüze çykmasa, onda kazynyň Türkmenistanyň

AIÝK-nyň 116-njy maddasynda göz öňünde tutulan kadalardan ugur alyp, işi kazyýet seljerişine bellemek hakynda kesgitnamany çykarmagy ýeterlikdir.

4. Hak isleg arzasynyň kabul edilip (Kodeksiň 105-nji maddasy), onuň kazynyň işi öz önümçiligine alýandygy, iş boýunça önümçiligi gozgamak we kazyýet seljerişine taýýarlyk görülýändigi barada karar bolmazdan şu Kodeksiň 114-nji maddasynda görkezilen işi, ýagny kazyýet seljerişine taýýarlamak boýunça hereketleri amala aşyrmaga kazynyň haky ýokdur.

5. Işi önümçilige kabul etmek, iş boýunça önümçiligi gozgamak we işi kazyýet seljerişine taýýarlamak hakyndaky kararda kazy, Türkmenistanyň AIÝK-nyň 114-nji maddasynyň 1-nji böleginde sanalyp geçilen iş ýörediş hereketlerini amala aşyrmaklygyň we olary ýerine ýetirmekliğiň möhletlerini belleýär. Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksiniň 114-nji maddasynyň 1-nji böleginde sanalyp geçilen işi kazyýet seljerişine taýýarlamak boýunça hereketleriň sanawy gutarnykly däldir. Kazy, jedeli adalatly, dürs we öz wagtynda çözmäge gönükdirilen beýleki hereketleri hem kararda görkezip biler. Taraplar – ýuridik we fiziki şahslar (telekeçiler) işi kazyýet seljerişine taýýarlamak üçin zerur bolan goşmaça maglumatlary kazyýetiň talap etmegi boýunça işiň önümçilige kabul edilip, iş boýunça önümçiliğiň gozgalmagy we kazyýet seljerişine taýýarlanmagy hakynda karary alandan soň bäş günden gijä galman kazyýete ibermelidir.

Işi önümçilige kabul etmek we iş boýunça önümçiliğiň gozgalmagy hakyndaky karary alandan soňra jogap berijiniň bäş günden gijä galman kazyýete hak isleýiş arzasy baradaky seslenmäni hem-de hak islege garşy çykmagy tassyklaýan ähli resminamalary, hak isleýjä we beýleki işe gatnaşyjylara bolsa, seslenmäniň nusgasyny iberýändigini kazyýetlere düşündirmeli. Seslenmäniň mazmuny Türkmenistanyň AIÝK-nyň 110-njy maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda berjaý edilmelidir. Seslenmede beýleki maglumatlar we haýyşnamalar görkezilip bilner. Seslenmä jogap beriji ýuridik şahsyň ýolbaşçysy ýa-da onuň orunbasary, fiziki şahsyň özi ýa bolmasa olaryň wekilleri gol çekýär. Wekil tarapyndan gol çekilen seslenmäniň ýanyna ynanç haty ýa-da onuň ygtyýarlylygyny tassyklaýan beýleki resminama goşulmalydyr.

Jogap berijiniň jedel boýunça çözgüt kabul edilmänkä ilkibaşky hak islegi bilen bilelikde seretmek üçin garşylyklaýyn hak islegini bildirmäge haklydygyna kazylaryň ünsüni çekmeli. Garşylyklaýyn hak islegini bildirmek hak islegi hakynda umumy kadalar boýunça geçirilýär (Türkmenistanyň AIÝK-nyň 111-nji maddasy).

6. Kazy işi kazyýet seljerişine taýýarlamagy hak islegiň önümçilige kabul edilen we iş boýunça önümçilik gozgalan günden başlap iki hepde möhletde amala aşyrýar. Aýratyn halatlarda bu möhlet bir aýa çenli uzaldylyp bilner (Türkmenistanyň AIÝK-nyň 113-nji maddasynyň 2-nji bölegi). Mysal üçin, taraplardan biri daşary ýurt ýuridik şahs bolup, onuň goşmaça subutnamalary işe goşmak baradaky haýyşnamasyny kanagatlandyrmak boýunça netijä gelnende, resminamalaryň gelip gowuşmagy üçin wagt gerek bolanda, kazy delillendirilen kesgitnama çykarmak arkaly bu möhleti bir aýa çenli uzaldyp biler.

7. Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksiniň 114-nji maddasyna laýyklykda, iş kazyýet seljerişine taýýarlanylýan mahaly kazy işiň dogry we öz

wagtynda seredilmegini üpjün etmek maksady bilen, bildirilen talaba baglylykda şu hereketleri amala aşyrmalydyr, ýagny ol:

1) taraplary we (ýa-da) olaryň wekillerini çagyrýar we bildirilen talaplaryň we nägilelikleriň düýp manysyna degişli ýagdaýlary anyklamak maksady bilen gürrüňdeşlik geçirýär; olary tassyklaýan subutnamalary açyp görkezmegi we zerur bolan halatynda belli bir möhletde goşmaça subutnamalary bermegi taraplara teklip edýär; taraplara olaryň hukuklaryny hem-de borçlaryny düşündirýär we bellenilen möhletde iş ýörediş hereketleriniň amala aşyrylmagynyň ýa-da amala aşyrylmazlygynyň netijelerini düşündirýär; taraplar bilen ylalaşmak boýunça zerur bolan subutnamalary bermegiň we deslapky kazyýet mejlisini geçirmegiň möhletlerini kesgitleýär;

2) taraplara jedeli bitaraplar kazyýetiniň çözülmegine bermäge bolan hukugyny we şeýle hereketi amala aşyrmagyň netijelerini düşündirýär, taraplaryň barlyşyk ylalaşygyny baglaşmagy üçin çäreleri görýär, taraplaryň ýaraşmagyna ýardam berýär;

3) zerur bolan subutnamalary almakda taraplara ýardam berýär, taraplaryň haýyşnamasy boýunça, Türkmenistanyň AIÝK-de göz öňünde tutulan halatlarda bolsa öz başlangyjy boýunça zerur subutnamalary talap edip alýar, bilermen seljermesini bellemek, kazyýet mejlisine bilermenleri, şaýatlary çagyrmak, terjimeçini, hünärmeni çekmek, ýazmaça we maddy subutnamalary ýerinde gözden geçirmegiň zerurlygy hakyndaky meseleleri çözýär, şeýle hem taraplaryň subutnamalary bermegi üçin beýleki çäreleri görýär;

4) taraplaryň haýyşnamasy boýunça hak islegini üpjün etmek, garşylyklaýyn üpjünçiligi bermek, şeýle hem subutnamalary üpjün etmek hakyndaky meseleleri çözýär, kazyýet tabşyryklaryny iberýär;

5) işe beýleki şahslaryň girişmegi, degişli däl jogap berijini çalyşmak, birnäçe talaplary birleşdirmek we bölmek, garşylyklaýyn hak islegini kabul etmek, göçme kazyýet mejlisini geçirmek mümkinçiligi hakyndaky meselelere seredýär;

6) işe dogry we öz wagtynda seredilmegini üpjün etmäge gönükdirilen beýleki hereketleri amala aşyrýar.

Kazy ýokarda agzalyp geçilen, işi kazyýet seljerişine taýýarlamak boýunça hereketleri amala aşyranda Türkmenistanyň AIÝK-de göz öňünde tutulan, olary amala aşyrmagyň degişli kadalaryny berjaý etmelidir, şol sanda taýýarlyk döwründe deslapky kazyýet mejlisini geçirende Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksiniň 115-nji maddasynyň kadasyndan ugur almalydyr.

8. Hak isleýjiniň görkezmedik ýuridik we fiziki şahslaryny taraplar hökmünde işe gatnaşmaga çekmek hakyndaky meseläni çözende, kazy, bildirilen talabyň düýp manysyndan we häsiýetinden ugur alyp, Türkmenistanyň AIÝK-nyň IV babynda göz öňünde tutulan kadalara laýyklykda, iş boýunça kanuny bähbidi bolan, şol Kodeksiň 33-nji maddasyndaky hukuklardan peýdalanýan we borçlary çekýän, taraplary, üçünji taraplary we beýleki işe gatnaşyjylary (mysal üçin, prokuror, döwlet edaralary we ş.m.), sebäplerini delillendirmek arkaly işe gatnaşmaga çekmek barada kesgitnamasynda görkezýär. Iş ýöredişiň şu tapgyrynda taraplaryň biri ýuridik şahsyň ýapylmagy, talapda eglişik edilmegi, berginiň geçirilmegi, fiziki şahsyň aradan çykmagy sebäpli işe gatnaşmakdan

çykan halatynda kazyýet şol tarapy onuň oruntutary bilen çalşyryp, bu barada kesgitnama çykarýar (Türkmenistanyň AIÝK-nyň 42-nji maddasy).

9. Belli bir hereketleri etmäge, şol sanda jedeli çözmek üçin ähmiýeti bolan resminamalary bermäge taraplary, beýleki ýuridik we fiziki şahslary borçly etmek baradaky meseläni çözende, kazy, Türkmenistanyň AIÝK-nyň 55-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, her bir tarapyň öz talaplarynyň ýa-da nägilelikleriniň esasy hökmünde salgylanýan ýagdaýlaryny subut etmelidiginden ugur almalydyr.

Subutnamalar işe gatnaşyjylar tarapyndan getirilýär. Kazy berilýän subutnamalardan diňe iş üçin ähmiýeti bolan subutnamalary kabul edýär. Kanun boýunça subut etmegiň belli bir serişdeleri bilen tassyklanylmaly işiň ýagdaýlary subut etmegiň başga hiç bir serişdeleri bilen tassyklanylyp bilinmez. Subut etmegiň zerur serişdeleriniň haýsylardygy bildirilen talaplaryň we nägileliklerіň häsiýeti boýunça kesgitlenilýär. Şunda arbitraž işleriniň her bir görnüşi boýunça aýry-aýry subut ediş serişdeleriniň bolýandygy göz öňünde tutulmalydyr.

Iş kazyýet seljerişine taýýarlanylanda, kazy işiň kanunalaýyk çözülmegi üçin zerur bolan we taraplaryň özbaşdak almaga mümkinçiligi bolmadyk subutnamalaryny olaryň haýyşnamasy esasynda talap edip almaklyga ýardam berýär. Haýyşnamada iş üçin ähmiýeti bolan nähili ýagdaýlaryň şol subutnama arkaly anyklanylyp bilinjekdigi görkezilmelidir, subutnama atlandyrylmalydyr we onuň nirededigi görkezilmelidir (Türkmenistanyň AIÝK-nyň 56-njy maddasy). Işi kazyýet seljerişine taýýarlaýan halatynda kazy, subutnamanyň mazmunyny, getirilen subutnamalaryň iş üçin ähmiýetini we ýeterlik derejede zerurlygyny kesgitleýär we üçünji taraplardan subutnamalary talap edip almaklyk barada haýyşnamalara seredýär.

Kazy eger-de, getirilen subutnamalaryň hak isleýjiniň talaplaryny ýa-da jogap berijiniň nägileliklerini tassyklamak üçin ýeterlik däldigi ýa-da olarda iş üçin ähmiýetli zerur maglumatlaryň ýokdugy we taraplar olaryň üstüni dolduryp bilmejekdigine göz ýetirse, onda ol taraplara goşmaça maglumatlary (subutnamalary) bermekligi teklip edip biler. Bu ýagdaýda, haçan-da işe gatnaşyjylarda goşmaça subutnamalary almakda kynçylyk döreýän bolsa, onda kazynyň özi Kodeksiň 56-njy maddasynda göz öňünde tutulan tertipde subutnamany talap edip alýar, hem-de bu barada degişli kesgitnama çykarýar. Subutnamalaryň üpjün edilmegi hakyndaky haýyşnamany kanagatlandyrmakdan ýüz döndermek baradaky kesgitnama barada şikaýat edilip bilner (Türkmenistanyň AIÝK-nyň 74-nji maddasynyň 4-nji bölegi).

Kazy subutnamany almak baradaky haýyşnamany kanagatlandyrmak ýa-da kanagatlandyrman galdyrmak baradaky meseläni çözende, subutnamanyň iş üçin ähmiýeti bolan nähili ýagdaýlaryň şol subutnama arkaly anyklanylyp bilinjekdigini, hak isleginiň häsiýetini we jogap berijiniň nägileliklerіniň nä derejede hakykata laýyk gelýändigini we onuň esaslydygynyň bellenen tertipde delillendirilendigini göz öňünde tutmalydyr. Subutnamany özünde saklaýan şahs, kazyýet tarapyndan ýerliksiz hasap edilen sebäplere görä talap edilýän subutnamany bermekden ýüz dönderse, onda ol Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilige çekilýär. Onuň jogapkärçilige çekilmegi, talap edilýän subutnamany kazyýete

bermek borjundan boşatmaýar (Türkmenistanyň AIÝK-nyň 57-nji maddasynyň 2-nji bölegi).

10. Bilermenler seljermesini bellemek hakyndaky meseläni çözende kazy, eger, işiň ýagdaýlaryndan we getirilen subutnamalardan jedel çözülen mahaly döreýän, ýörite bilimleri talap edýän meseleleri aýdyňlaşdyrmak üçin bilermeniň netijesiniň zerurdygy görünýän halatynda, işe gatnaşyjylaryň haýyşnamasy boýunça ýa-da öz başlangyjy bilen "Kazyýet-bilermenlik işi hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň talaplaryny nazara alyp, Türkmenistanyň AIÝK-nyň 66-njy maddasyna laýyklykda, kazyýet bilermenler seljermesini belleýär.

Kazy seljermä degişli meseläni çözende, işiň hakyky ýagdaýlaryndan ugur alyp, işe gatnaşyjylara haýsy kazyýet bilermenler seljermesini bellemekliginiň zerurdygy we haýsy ygtyýarly edara, kärhana ýa-da gurama tarapyndan geçirilmeginiň maksada laýyklygy, şeýle hem bilermenleriň öňünde haýsy soraglaryň goýulmalydygy baradaky pikirlerini aýtmaklygy teklip edýär. Şunda, işe gatnaşyjylar seljerme geçirilende bilermen tarapyndan düşündirilmeli bolan soraglary kazyýete bermäge haklydyr. Kesgitnamada diňe çözülmegi talap edilýän soraglary anyklamak boýunça düşündirişler talap edilýär. Bilermeniň öňünde kazyýetiň ygtyýaryna degişli bolan hukuk häsiýetli meseleleriň goýulmagyna rugsat berilmeýär.

11. Işi kazyýet seljerişine taýýarlamak döwründe taraplaryň wekilleriniň kazyýete gelmeginiň zerurlygy hakyndaky meseläni çözende, kazy Türkmenistanyň AIÝK-nyň V babynyň, şeýle hem Türkmenistanyň RK-nyň I böleginiň III bölüminiň VII babynyň düzgünlerini berk berjaý etmelidir. Ýuridik şahslaryň işi kazyýetde olaryň kanunda ýa-da esaslandyryş resminamalarynda göz öňünde tutulan ygtyýarlyklaryň çäginde wekilleriň üsti bilen amala aşyrylýar.

Fiziki şahslar kazyýetde öz işlerini hut özleri ýa-da wekilleriň üsti bilen ýöredýärler. Işe fiziki şahsyň özüniň gatnaşmagy ony wekil tutunmak hukugyndan mahrum etmeýär (Türkmenistanyň AIÝK-nyň 50-nji maddasy).

Eger-de, kazyýet önümçiligine işe gatnaşyjylaryň wekilleri gatnaşýan bolsa, onda kazy bu wekilleriň ynanç hatynyň AIÝK-nyň 53-nji maddasyna we hereket edýän kanunçylyga laýyklykda resmileşdirilişiniň dogrulygyny barlaýar. Wekilçilik edilýän şahsyň (tarapyň) wekile beren ynanç hatynda, şu maddada görkezilen hereketleriň her birini amala aşyrmak ygtyýarlygy ýörite görkezilmelidir. Wekiliň agzalan maddanyň 1-nji böleginde sanalyp geçilen hereketlerden başga, Türkmenistanyň AIÝK-nyň 33-nji maddasynda görkezilen hukuklaryny amala aşyrmak bilen bagly iş ýörediş hereketlerini amala aşyrmaga, ynanç hatynda görkezilmezden hem özbaşdak ýerine ýetirmäge hukugy bardyr.

Kazylar, sülçüler, prokurorlar we kazyýet işgärleri kazyýetde taraplaryň wekilleri bolup bilmezler. Bu kada şol şahslaryň kazyýet iş ýöredişine kazyýetiň we hukuk goraýjy edaralaryň ygtyýarly wekilleri hökmünde gatnaşan halatlaryna degişli däldir (Türkmenistanyň AIÝK-nyň 51-nji maddasy).

12. Işiň düýp manysy boýunça düşündirişleri bermek üçin wezipeli adamlary we beýleki şahslary çagyrmak hakyndaky meseläni çözende, kazy, hak isleginiň häsiýetine we gozgalýan meseläniň çylşyrymlylygyna baglylykda gürrüňdeşlik

geçirmek üçin taraplary we olaryň wekillerini bir ýa-da zerurlyga görä birnäçe gezek çagyrmaga haklydyr.

Türkmenistanyň AIÝK-nyň 114-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 5-nji bendine laýyklykda, işi kazyýet seljerişine taýýarlamak döwründe wezipeli adamlary ýa-da beýleki işe gatnaşyjylary çagyrmak zerurlygy ýüze çykanda, olar kazyýet tarapyndan poçta, telefonogramma, telegramma, faks aragatnaşygy, elektron aragatnaşyk serişdeleriniň beýleki görnüşlerini hem ulanmak arkaly habarly edilip bilnerler. Şeýle edilende, kazyýetde iberilen habarnamanyň nusgasy we şol aragatnaşyk serişdesini ulanyp, ýazgyny iberen şahsyň ady, atasynyň ady, familiýasy, geçiren senesi we wagty, şeýle hem bu ýazgyny kabul eden şahsyň ady, atasynyň ady, familiýasy ýazylan kepilnama düzülýär we işiň materiallaryna goşulýar.

Bellenilen tertipde gürrüňdeşligiň geçiriljek ýeri we wagty görkezilendigine garamazdan taraplardan biriniň esassyz sebäplere görä gelmezligi, beýleki tarap bilen gürrüňdeşlik geçirilmegine päsgelçilik döredip bilmez. Kazyýet jedeliň dogry we aýdyň çözülmegini gazanmak maksadynda, taraplaryň gürrüňdeşlige gatnaşmagyna uly ähmiýet bermelidir.

Taraplar Türkmenistanyň AIÝK-niň 33-nji maddasynda göz öňünde tutulan iş ýörediş hukuklaryna we borçlaryna eýe bolup, olar diňe bir kazyýet seljerişinde däl-de, eýsem kazyýet seljerişine taýýarlamak döwründe hem bu hukuklardan peýdalanýarlar we borçlar boýunça jogapkärçilik çekýärler.

Şoňa görä-de, işe has-da hemmetaraplaýyn, doly we dogry seredilmegi üçin kazy, gürrüňdeşlige gelen taraplara olaryň hukuklaryny we borçlaryny düşündirýär. Eger-de zerur bolsa, kazy hak isleýjä öz talabyny esaslandyrmak üçin salgylanýan ýagdaýlaryny we delillerini, jogap berijä bolsa – nägileligiň mazmunyny we olaryň esaslaryny anyklamaklygy teklip edip biler; işiň haýsy ýagdaýlary jedelli bolup duryandygyny, taraplaryň getirýän subutnamalarynyň haýsylarynyň dogry, haýsylarynyň bolsa nädogry hasaplaýandyklaryny, taraplaryň haýsy birlerine we haçan goşmaça subutnamalaryny bermekliginiň zerurlygyny, olary almak üçin kazyýetiň ýardam bermekliginiň (Türkmenistanyň AIÝK-niň 74-nji maddasy) gerekligini anyklap biler.

13. Beýleki kazyýetlere kazyýet tabşyryklaryny ibermek meselesi çözülende, kazy, şu aşakdaky ýagdaýlara üns bermelidir:

a) Kazyýet tabşyrygyny bermek hukugy işe degişli subutnamalary toplamagyň aýratyn usuly bolup, ol diňe şol subutnamalar haýsydyr bir sebäbe görä, işe seredýän kazyýete getirilip bilinmejek halatlarynda ulanylyp bilner;

b) Belli bir iş ýörediş hereketleri amala aşyrmaklyk, taraplary we beýleki işe gatnaşyjylary sorag etmeklik, ýazmaça we maddy subutnamalary gözden geçirmek we barlamaklyk tabşyrylyp bilner;

ç) Taraplaryň getirip biljek ýa-da olaryň haýyşnamasy boýunça işe seredýän kazyýetiň özüniň talap edip biljek ýazmaça we maddy subutnamalary kazyýet tabşyrygy tertibinde toplanylmaly däldir;

d) Kazyýet tabşyrygy Türkmenistanyň AIÝK-nyň 114-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 4-nji bendine laýyklykda, kazynyň ýekelikde özüniň çykaran

kesgitnamasy görnüşinde iberilýär. Kazyýet tabşyrygynyň ýönekeý hat, haýyş haty we resmi hat görnüşlerinde iberilmegine ýol berilmeýär.

14. Hak islegini üpjün etmek boýunça çäreleri görende, kazy, Türkmenistanyň AIÝK-nyň XII babynyň talaplaryny berk berjaý etmelidir. Eger, hak islegini üpjün etmek üçin çäreleriň görülmezligi kazyýet çözgüdiniň öz wagtynda ýerine ýetirilmegine bökdençlik döredip biljek bolsa, hemme ýagdaýlarda hak isleginiň üpjün edilmegine kazyýet iş ýöredişiniň islendik döwründe, şol sanda kazyýet seljerişine taýýarlamak döwründe hem ýol berilýändigini göz öňünde tutmalydyr.

Kazy taraplaryň arzasy ýa-da öz başlangyjy bilen hak islegini üpjün etmek üçin çäreleri görmäge haklydyr. Kazy hak islegini üpjün etmek baradaky arza ol gowşandan soň bäş günüň dowamynda taraplary çagyrmazdan seredýär we onuň netijesi boýunça kesgitnama çykarýar (Türkmenistanyň AIÝK-nyň 117-nji maddasy).

Kazy hak islegini üpjün etmek barada netijä gelse, şu Kodeksiň 118-nji maddasynyň 1-nji böleginde göz öňünde tutulan çärelerden birini ýa-da aýry-aýry halatlarda olaryň birnäçesini ulanmak barada öz kesgitnamasynda görkezýär. Işi kazyýet seljerişine taýýarlamak döwründe hak islegini üpjün etmegiň bir görnüşini beýleki bir görnüşi bilen çalyşmak hakyndaky meseläni kazy ýekelikde çözýär. Hak islegini üpjün etmek boýunça çäreler hak isleýji tarapyndan bildirilen talapdan gelip çykýan beýleki möçberlere barabar ölçegde bolmalydyr.

Hak islegini üpjün etmek hakyndaky kesgitnama haýal edilmän ýerine ýetirilmäge degişlidir (Türkmenistanyň AIÝK-nyň 122-njy maddasy).

Hak isleginiň üpjün edilmegine, hak islegini üpjün etmek hakyndaky kesgitnamany çykaran kazyýet tarapyndan seredilip, hak isleginiň üpjün edilmeginiň ýatyrylmagy hakynda ýa-da ýatyrylmagyndan ýüz döndermek hakynda kesgitnama çykarylýar (Türkmenistanyň AIÝK-nyň 123-nji maddasy).

Hak islegini üpjün etmek baradaky kesgitnamanyň ýerine ýetirilmezligi ýa-da onuň ýerine ýetirilmegine päsgel berlendigi üçin günäkär şahslar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýärler (Türkmensitanyň AIÝK-nyň 124-nji maddasy).

15. Kodeksiň 114-nji maddasyna laýyklykda, işi kazyýet seljerişine taýýarlamaklygyň wezipelerine, kazy tarapyndan jedeliň hukuk gatnaşyklaryny we ulanylmaly kanunçylygyň kesgitlenilmegi hem degişli bolup durýar.

Oňa görä-de, maddy we iş ýöredişhukuk kadalarynyň dogry ulanylmagy üçin, kazy işi kazyýet seljerişine taýýarlaýan döwründe kazyýet tejribesinde jedelli hukuk gatnaşyklary düzgünleşdirýän kanunçylygy seljermelidir.

16. Kazy, haçan-da talaplaryň häsiýeti, olaryň arabaglanyşygy, umumy subutnamalary boýunça jedelli meseläni has çalt we dogry çözmek mümkinçiliginiň bardygyny ýüze çykaran halatynda, önümçiliginiň diňe bir görnüşine degişli aýry-aýry hak isleýiş talaplaryny birleşdirmäge hukugy bardyr.

Şeýle hem eger, hak islegini kabul eden kazyýet talaplara aýratynlykda seredilmegi has maksadalaýyk diýip ykrar etse, ol birleşdirilen talaplaryň birini ýa-da birnäçesini aýratyn önümçilige bölüp aýyrmaga haklydyr.

Kazy hak isleýiş talaplaryny birleşdirmegiň ýa-da bölüp aýyrmagyň meselelerini işe düýp mazmuny boýunça seretmekden öň çözýär, bu barada kesgitnama çykarylýar (Türkmenistanyň AIÝK-nyň 109-njy maddasy).

Hak isleg talaplaryny birleşdirmegiň kadalary bozulandygy ýa-da jogap berijileriň birine ýa birnäçesine bildirilýän, öz aralarynda baglanyşygy bolmadyk birnäçe talap bir hak isleýiş arzasynda birleşdirilip berlendigi ýüze çykarylanda, kazy hak isleýiş arzany we oňa goşulan resminamalary seretmän yzyna gaýtarmalydyr (Türkmenistanyň AIÝK-nyň 108-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 4-nji bendi).

17. Işi kazyýet seljerişine taýýarlamak tapgyrynda kazy taraplary barlyşyk ylalaşyga getirmek üçin mümkin bolan ähli kanunalaýyk degişli çäreleri görmelidir (Türkmenistanyň AIÝK-nyň 142-nji maddasy). Kazy taraplara işi barlyşyk ylalaşyk bilen çözmek artykmaçlygyny, barlyşyk ylalaşygyny tassyklamak barada kesgitnamanyň hem edil kazyýetiň çözgüdi ýaly hukuk güýje eýedigini, zerur halatda mejbury ýerine ýetirilmäge degişlidigini düşündirmelidir.

Taraplaryň barlyşyk ylalaşygynyň gazanylmagy ýazmaça resmileşdirilýär we kazy tarapyndan tassyklanyp, bu barada kesgitnama çykarylýar, kesgitnamada degişli deliller getirilip, barlyşyk ylalaşygynyň şertleri beýan edilýär we iş boýunça önümçiligiň ýatyrylýandygy görkezilýär. Şonuň bilen baglylykda, kazy taraplara barlyşyk ylalaşygyndan gelip çykýan hukuk netijelerini düşündirýär.

Taraplar barlyşyk ylalaşygyny gazanan halatynda, bu meselä seretmek Türkmenistanyň AIÝK-nyň XIII babynda göz öňünde tutulan kadalaryň talaplaryna laýyklykda, kazyýet seljerişini geçirmek bilen amala aşyrylýar we iş boýunça önümçilik ýatyrylýar.

18. Türkmenistanyň AIÝK-nyň 116-njy maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, kazy işi ýeterlik derejede taýýarlanylan diýip ykrar edip, ony kazyýet seljerişine bellemek barada kesgitnama çykarýar. Şonuň bilen birlikde, kazy taraplara we işe gatnaşýan şahslara işiň serediljek wagty we ýeri barada habar bermäge, şeýle hem iş ýöredişiň beýleki gatnaşyjylaryny çagyrmaga borçludyr.

19. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň arbitraž işleri boýunça kazyýet kollegiýasy işleri kazyýet seljerişine taýýarlamagyň tertibini kesgitleýän iş ýöredişi kanunçylygynyň kadalarynyň talaplarynyň Türkmenistanyň Arbitraž, welaýat we Arkadag şäheriniň kazyýetleri tarapyndan berjaý edilişine gözegçiligi güýçlendirmelidir we ýüze çykarlan kemçilikleri kanunalaýyk aradan ayyrmak üçin hemme taraplaýyn netijeli çäreleri görmelidir.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy G.Hallyýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy J.Açylow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 2

2019-njy ýylyň 17-nji awgusty Aşgabat şäheri

Emlägi muzdsuz almak baradaky kanunçylygyň ulanylyşynyň kazyýet iş tejribesi hakynda

(24.07.2021 ý. № 7; 18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3; 19.10.2024 ý. № 9; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Plenum Türkmenistanyň kazyýetleri tarapyndan emlägi muzdsuz almak baradaky kanunçylygyň, esasan dogry ulanylýandygyny belleýär.

Şonuň bilen birlikde, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksinde emlägi muzdsuz almaklyk görnüşindäki goşmaça jeza çäresi göz öňünde tutulan jenaýatlar baradaky işler boýunça ýeterlik maglumatlar bar bolan ýagdaýynda, anyklaýjy, sülçi, prokuror, kazy we kazyýet geljekde emlägiň mümkin boljak muzdsuz alynmagyny üpjün etmek maksady bilen, haýal etmän çäre görülmelidigine garamazdan, käbir ýagdaýlarda günäkäriň bikanun ýol bilen edinen emläklerini ýüze çykaryp, olaryň gozgamasyz edilmeýän halatlarynyň bolýandygyny kazyýet iş tejribesinde görmek bolýar.

Bellenilip geçilen we şeýle çygyrlardaky kemçilikleri aradan aýyrmak we kazyýetler tarapyndan kanunçylygyň birmeňzeş ulanylmagyny üpjün etmek maksady bilen, "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Plenum

KARAR EDÝÄR:

1. Emlägi muzdsuz almak meselesi çözülende Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalarynyň ileri tutulmagynyň ykrar edilýändigine esaslanmalydygyna we bu babatda Türkmenistanyň kanunçylygynyň talaplarynyň doly we takyk berjaý edilmelidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

2. Emläk muzdsuz alnan halatynda ynsan mertebesiniň kemsidilmegine hem-de ony abraýdan gaçyrmaklyga ýol berilmeli däldir.

3. Emlägi muzdsuz almak iş kesilen adamyň şahsy eýeçiliginde durýan, kanunda gadagan edilen usul bilen edinilen emlägi döwlet eýeçiligine mejbury suratda mugt almakdan ybaratdyr.

4. Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 168-nji maddasynyň 1-nji böleginde emläk barada düşünje berlip, fiziki we ýuridik şahslaryň eýeläp, peýdalanyp we ygtyýar edip bilýän hem-de çäklendirilmedik möçberde edinip bolýan, özi hem kanunda gadagan edilmedik ýa-da ahlak kadalaryna garşy gelmeýän islendik zat we maddy däl eşret emläk hasaplanýandygy görkezilipdir. Türkmenistanyň Raýat

kodeksiniň 194-nji maddasynyň 1-nji we 2-nji böleklerinde bolsa, eýeçilik hukugy barada düşünje berlip, zat eýesi kanunda ýa-da şertnamada bellenilen çäklendirmeleriň çäginde emläge (zada), eger şeýle edilende goňşularyň ýa-da beýleki üçünji şahslaryň hukuklary bozulmaýan bolsa, ýa-da bu hereket hukugy hyýanatly peýdalanmagy aňlatmaýan bolsa, onda erkin eýelik edip we peýdalanyp bilinýändigini, beýleki şahslaryň bu emläge eýelik etmegine, ygtyýar etmegine ýol berilmeýändigini, eýeçiligiň peýdalanylmagy diňe beýlekilere zyýan ýetirýän bolsa, şunda zat eýesiniň bähbitleriniň artykmaçlygy takyk kesgitlenilmedik we onuň hereketleriniň zerurlygy delillendirilmedik bolsa, onda eýeçiligiň şonuň ýaly peýdalanylmagy hukugy hyýanatçylykly peýdalanmak diýlip hasap edilýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

5. Emlägi muzdsuz almak betnebislik maksatlary bilen amala aşyrylan ortaça agyr, agyr we aýratyn agyr jenaýatlar üçin kesgitlenilýändigine we ol diňe jenaýat kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda bellenilip bilinýändigine, eger-de bu jeza Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň degişli maddasynda görkezilmedik bolsa, onda Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 50-nji maddasyny ulanmak bilen, emlägiň muzdsuz alnyp bilinmeýändigine, amala aşyrylan jenaýatyň gutarylandygynyň ýa-da gutarylmandygynyň bu jezanyň bellenilmegine täsiriniň ýokdugyna, bu jezanyň kämillik ýaşyna ýetmediklere ulanyp bolmaýandygyna kazyýetler üns bermeli.

6. Emlägi muzdsuz almak jezasy bellenilende diňe günäkäre degişli we kanunda gadagan edilen usul bilen edilinen emlägiň muzdsuz alnyp bilinýändigine üns berlip, bu ýagdaýlar hemmetaraplaýyn, doly we dogry barlanyp, degişli subutnamalar bilen esaslandyrylmalydyr.

7. Kazyýetiň hökümi boýunça muzdsuz almaga degişli bolmadyk emlägiň Sanawy Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň Goşundysynda görkezilip, bu sanawda görkezilen emläkler diňe iş kesileniň eýeçiliginde, onuň özi we ekläp saklamagynda durýan adamlar üçin zerur bolup, beýleki emläk gatnaşyklary bilen bagly bolmaly däldir.

8. Terrorçylyk, bikanun ýaragly we harbylaşdyrylan düzümleriň, durnukly guramaçylykly ýaragly toparyň, guramaçylykly toparyň, jenaýatçylykly bileleşigiň we beýleki jenaýatçylykly düzümleriniň jenaýatçylykly hereketlerini amala aşyrmaga görnetin niýetlenýän pul, maddy-tehniki we beýleki serişdeler jenaýatyň guraly hökmünde döwletiň haýryna muzdsuz alynmaga degişlidir.

9. Hökümde, kesgitnamada, kararda ýa-da işi ýatyrmak hakyndaky kararda maddy subutnamalar we başga alnan zatlar hakyndaky mesele çözülmelidigini, şunda:

1) aýyplanýana, kazyýetde işi seredilýäne degişli jenaýat gurallary şol zatlaryň gymmatyna garalyp, ýok edilýändigine ýa-da muzdsuz alynýandygyna,

2) jenaýatly ýol bilen gazanylan pullar we beýleki gymmatly zatlar döwletiň haýryna berilýändigine;

3) ulanylmagy gadagan edilen ýa-da ulanyp bolmaýan zatlaryň degişli edaralara berilýändigine ýa-da ýok edilýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

10. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksinde emlägi muzdsuz almak jezanyň göz öňünde tutulan jenaýatlar baradaky işler boýunça anyklaýjy, sülçi, prokuror we

kazyýet (kazy) degişlilikde güman edilýäniň, aýyplanýanyň emläginiň saklanylmagy üçin gaýragoýulmasyz çäreleri görmelidirler.

11. Raýat hak islegini we emlägiň mümkin boljak muzdsuz alynmagyny üpjün etmek, aýyplanýanyň goýumlaryny, gymmatly zatlaryny we başga emlägini gozgamasyz etmek, hem-de gozgamasyz edilen gymmatly zatlary we emläkleri almak arkaly amala aşyrylýar.

12. Raýat hak islegini ýa-da emlägiň mümkin boljak muzdsuz alynmagyny üpjün etmek maksady bilen sülçi güman edilýäniň, aýyplanýanyň ýa-da olaryň hereketi üçin kanun boýunça maddy jogapkär adamlaryň emlägini ýa-da jenaýatly ýol bilen edinilen emlägi saklaýan beýleki adamlaryň emlägini gozgamasyz etmäge borçludyr.

13. Emlägi gozgamasyz etmek öý döküş işini geçirmek ýa-da gerekli zatlary almak bilen birwagtda ýa-da olardan aýratynlykda geçirilip bilner.

Şunda emlägi gozgamasyz etmekliğiň Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 270-nji, 273-nji, 275-nji we 276-njy maddalarynda göz öňünde tutulan düzgünlere laýyklykda geçirilýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

14. Aýyplanýanyň işi kazyýet önümçiligine kabul edilende emlägiň mümkin boljak muzdsuz alynmagyny üpjün etmek üçin anyklaýyş we deslapky derňew edaralary tarapyndan çäre görlen-görülmändigini takyklamak zerurdyr. Eger anyklaýjy ýa-da sülçi çäre görmedik bolsa, onda kazy ýa-da kazyýet şeýle çäreleri öz başlangyjy boýunça görmelidirler ýa-da karar (kesgitnama) çykaryp, degişli edaralary şeýle işi geçirmäge borçly etmelidirler.

15. Gozgamasyz edilen emläk sülçiniň garamagyna görä ýaşaýyş jaý-ulanyş guramasynyň, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edarasynyň wekiline ýa-da şol emlägiň eýesiniň ýakyn garyndaşyna ýa-da başga adama saklamaga berilýär.

16. Gozgamasyz edilen emläk ynanylan adama saklamaklyga berlen halatynda, ol adama Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 225-nji maddasy esasynda göz öňünde tutulan jogapkärçiligi düşündirip, ondan dil haty alynmaga degişlidir. Eger-de şol adam tarapyndan emläkler harç edilse, alynsa ýa-da gizlenilse, kazyýet olary kanunda göz öňünde tutulan jogapkärçilige çekmek baradaky meseläni çözmelidir. Şeýle ýagdaýlarda degişli edaralara, guramalara, kärhanalara, ministrliklere, pudak edaralaryna ýa-da raýatlara ýetirilen zyýany günäkär adamlara töletdirmek baradaky hak islegi bilen ýüz tutmaga hukuklarynyň bardygy düşündirilmelidir.

17. Kazyýetiň höküminiň beýan ediş-delillendiriş böleginde kazyýetde işi seredilýäniň hereketleri beýan edilende emlägiň muzdsuz alynmaga degişlidigi esaslandyrylmalydyr, karara gelinýän böleginde bolsa, hökümi ýerine ýetirmeklige päsgel döretmezlik maksady bilen döwletiň haýryna muzdsuz alynmaga degişli ulag serişdeleri, gurallar we beýleki emläkler barada maglumatlar doly görkezilmäge degişlidigini kazyýetlere düşündirmeli.

18. Eger kazyýetiň kanuny güýjüne giren hökümi bilen muzdsuz alnan emlägiň jenaýatçylykly ýol bilen edinilendigi anyklanan bolsa, şeýle hem Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksinň 130-njy maddasyna laýyklykda, jenaýatyň guraly bolup, maddy subutnama hökmünde ykbaly çözülen bolsa, onda

kazy üçünji tarapyň şeýle emlägi gozgamasyz etmekden boşatmak baradaky hak isleýiş arzasyny kazyýetde seredilmäge degişli däldigi üçin kabul etmekden ýüz dönderýär (Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 153-nji maddasynyň birinji böleginiň 1-nji bendi). Şonuň bilen birlikde hak isleýiş arzany ýazanlara şol hökümiň üstünden gözegçilik tertibinde şikaýat getirmäge hukuklarynyň bardygy düşündirilýär.

Kazyýetiň çözgüdini ýa-da hökümini ýerine ýetirmek bilen baglylykda emlägiň satylmagy, şol emläge bolan eýeçilik hukugyny ykrar etmek baradaky hak isleýiş arzasyny kabul etmekden ýüz döndermeklige esas bolup bilmez.

19. Emlägi muzdsuz almak hakynda hökümi çykaran kazyýet ol kanuny güýje gireninden ýerine ýetiriş resminamany, emlägiň ýazgysynyň we hökümiň nusgasyny kazyýet ýerine ýetirjisine ýerine ýetirmek üçin iberýär.

Emlägi muzdsuz almak görnüşindäki jezanyň ýerine ýetirilmegi emlägiň ýerleşýän ýeri boýunça kazyýet ýerine ýetirijisi tarapyndan geçirilýär (Türkmenistanyň Jenaýat-ýerine ýetiriş kodeksiniň 161-nji maddasy).

20. Haçan-da günäli bilnip, iş kesilen adama ýetiren maddy zyýanyň öwezini doldurmak borjuny ýüklemek bilen bir wagtda onuň emlägini muzdsuz almak hem ulanylan bolsa, onda ol baradaky höküm ýerine ýetirilende, "Ýerine ýetiriş önümçiligi we kazyýet ýerine ýetirijileriniň hukuk ýagdaýy hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 71-nji maddasyna gollanylyp, onuň emläginiň hasabyna ilkinji nobatda ýetirilen maddy zyýanyň öwezi doldurylmalydyr.

21. Kazyýetler kanunyň talaplaryna laýyklykda emlägi muzdsuz almak baradaky mesele çözülende edaralaryň, kärhanalaryň, guramalaryň we aýry-aýry wezipeli adamlaryň işlerindäki kemçilikleri anyk görkezmelidirler we hemmetaraplaýyn derňemelidirler. Şeýle hem şol kemçilikleri aradan aýyrmaklygy teklip edip, hususy kesgitnamalary (kararlary) çykaryp, degişlilikde edaralaryň, guramalaryň, kärhanalaryň, ministrlikleriň we pudak edaralarynyň ýolbaşçylarynyň dykgatyna ýetirmelidirler, ýeterlik esas bar bolan mahalynda bolsa, jenaýat işini gozgamak boýunça zerur çäreleri görmelidirler.

22. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri aşaky kazyýetler tarapyndan emlägi muzdsuz almak bilen baglanyşykly meseleleriň dogry çözülişine elmydama degerli kazyýet gözegçiligini amala aşyrmalydyrlar, bu babatda kazyýet iş tejribesini yzygiderli umumylaşdyrmalydyrlar we ýüze çykarylan kemçiliklere degişli baha berip, olary düzetmek boýunça öz wagtynda kanuny çäreleri görmelidirler.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy G.Hallyýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy J.Açylow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 3

2019-njy ýylyň 17-nji awgusty Aşgabat şäheri

Administratiw gözegçilik kadalarynyň bilkastlaýyn bozulmagy baradaky jenaýat işleri boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda

(18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Administratiw gözegçiligiň bellenilmegi, azatlykdan mahrum etmeklige iş kesilip, düzediş edaralaryndan boşadylan adamlaryň özüni alyp barşyna gözegçilik etmek, gaýtadan jenaýat etmekleriniň öňüni almak we olaryň jezasyny çekenden soňra durmuşyň adaty şertlerine gaýtadan uýgunlaşmagyna we maşgalasynyň durmuş şertlerine ýetirjek täsiri göz öňünde tutulmagy bilen baglydyr.

Plenum Türkmenistanyň kazyýetleri tarapyndan administratiw gözegçilik kadalarynyň bilkastlaýyn bozulmagy baradaky jenaýat işlere seredilende, esasan, kanunçylygyň dogry ulanylýandygyny belleýär.

Şonuň bilen birlikde, şu görnüşli jenaýatlar boýunça deslapky derňew geçirilende goýberilýän kemçiliklere kazyýetler tarapyndan ýeterlik derejede üns berilmeýär.

Içeri işler edaralary tarapyndan düzediş edaralaryndan boşadylan adamlar barada administratiw gözegçiligiň we Türkmenistanyň kanunçylygynda görkezilen çäklendirmeleriň nädogry bellenilýän halatlary kazyýet iş tejribesinde gabat gelýär.

Administratiw gözegçiligiň bellenmegi bilen bagly jogapkärçiligine çekilýän adamlar baradaky materiallara seredilende wezipeli adamlar tarapyndan administratiw gözegçiligiň bellenilişiniň kanunylygy ýeterlik derejede barlanylmaýar.

Bellenilip geçilen we şeýle çygyrlardaky kemçilikleri aradan aýyrmak, şeýle hem kazyýetler tarapyndan kanunçylygyň birmeňzeş ulanylmagyny üpjün etmek maksady bilen "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Plenum,

KARAR EDÝÄR:

1. Administratiw gözegçilik azatlykdan mahrum ediş ýerlerinden boşadylan adamlaryň özüni alyp barşyna gözegçilik etmek, olaryň gaýtadan jenaýat etmeginiň öňüni almak we olara zerur terbiýeçilik täsirini ýetirmek üçin bellenilýär.

Administratiw gözegçiligiň bellenilmegi gözegçilik edilýäniň işleýän we ýaşaýan ýerinde ynsan mertebesini kemsitmegi hem-de ony abraýdan gaçyrmagy maksat edinmeýär.

2. Jeza çekmekden boşadylan adamlara administratiw gözegçiligi bellemegiň, uzaldylmagyň, ýatyrmagyň we gözegçiligi amala aşyrmagyň tertibi Türkmenistanyň Prezidentiniň 1993-nji ýylyň 3-nji iýunyndaky № 1354 Karary bilen tassyklanan "Içeri işler edaralarynyň azatlykdan mahrum ediliş ýerlerinden boşadylan adamlara administratiw gözegçilik hakynda" Düzgünnama (mundan beýläk - Düzgünnama) esasynda kesgitlenilýär (Türkmenistanyň Prezidentiniň 2001-nji ýylyň 5-nji noýabryndaky № 5412 we 2010-njy ýylyň 5-nji oktýabryndaky № 11299 kararlary bilen üýtgetmeler we goşmaçalar girizilen).

3. Administratiw gözegçilik mejbury çäre bolup duryar we şu aşakdaky kämillik ýaşyna ýeten adamlar barasynda ulanylýar:

a) jenaýatlary aýratyn howply residiwde amala aşyrylan diýlip ykrar edilen jenaýatlar boýunça iş kesilenler;

b) agyr we aýratyn agyr jenaýatlar üçin iş kesilenler, şeýle hem ortaça agyrlykdaky bilkastlaýyn jenaýatlar üçin azatlykdan mahrum etmäge iki we şondan köp gezek iş kesilenler, ýa bolmasa, kazyýet tarapyndan bellenilen jeza möhleti doly çekilmezden öň azatlykdan mahrum ediş ýerlerinden şertleýin-möhletinden öň boşadylan iş kesilenler, eger azatlykdan mahrum ediş ýerlerinde jezasyny çekýän döwründe olaryň özlerini alyp baryşlary düzediş ýoluna düşmegi zandyýamanlyk bilen islemeýändigine şaýatlyk edýän bolsa;

ç) agyr we aýratyn agyr jenaýatlar üçin iş kesilenler ýa-da ortaça agyrlykdaky bilkastlaýyn jenaýatlar üçin azatlykdan mahrum etmäge iki we ondan köp gezek iş kesilen, eger olar jezasyny çekenden ýa bolmasa jezasyny çekmekden şertleýin möhletinden öň boşadylandan soň jemgyýete ters gelýän ýaşaýyş durmuşyny bes etmek hakynda içeri işler edaralarynyň duýduryş bermegine garamazdan, jemgyýetçilik tertibini hem-de ýaşaýyş kadalaryny birsyhly bozýan bolsa.

Ýokarda görkezilenlerden başga ýagdaýlarda administratiw gözegçiligiň bellenilip bolmaýandygyny düşündirmeli.

Bellenilen kadalar gözegçilige bilkastlaýyn boýun egmezlik niýetinde bozulsa, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 243-nji maddasynyň 1-nji böleginde görkezilen jenaýat boýunça jogapkärçilik ýüze çykarýar.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 243-nji maddasynyň belligine laýyklykda, administratiw gözegçilik kadalarynyň bilkastlaýyn bozulmagy diýlip, şeýle düzgün bozulmalary üçin bir ýylyň dowamynda iki gezek administratiw temmi çärelerine sezewar edilen adam tarapyndan şol kadalaryň bozulmagyna düşünilýär.

Şeýlelik bilen etmişiň jenaýatçylykly bolmagy üçin diňe bir administratiw gözegçiligiň bozulmagy anyklanman, şonuň bilen birlikde gözegçilige boýun egmezligiň maksat edinilýändigi hem tassyk bolmalydyr.

4. Haýsy ýagdaýlarda administratiw gözegçiligiň bellenilýändigi ýokarda görkezilen Düzgünnamanyň 5-nji böleginiň degişli bentlerinde görkezilip geçilýär.

Şunda Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 80-nji maddasynyň 6-njy bölegine laýyklykda, iş kesilenlik aýybynyň öz-özünden aýrylmagy ýa-da aýrylmagy bilen iş kesilenlik aýyby bilen baglanyşykly ähli hukuk netijeleriniň ýatyrylýandygyny kazyýetlere düşündirmeli.

5. Kazyýet tarapyndan şeýle görnüşli jenaýat işlerine seredilende jezadan boşan iş kesilenler barada administratiw gözegçiliginiň bellenilişiniň we uzaldylmagynyň, administratiw jogapkärçilige çekilişiniň kanunylygy barlanyp, iş boýunça toplanan subutnamalara dogry baha berlip, netijä gelinmelidir.

Ylaýta-da düzediş edarasynyň başlygynyň karary bilen Düzgünnamanyň 3-nji böleginiň "a,b" bentlerinde görkezilen adamlar barasynda bellenilen administratiw gözegçiligi boýunça iş kesilen tarapyndan jeza çekmegiň bellenilen tertibiniň zandyýamanlyk bilen bozulmagynyň Türkmenistanyň Jenaýat-ýerine ýetiriş kodeksiniň 89-njy maddasynyň talaplaryna gabat gelýändigi barlanylmalydyr.

6. Eger-de administratiw gözegçilik bikanun bellenilen ýa-da uzaldylan ýa-da administratiw gözegçilik bellenilen adam bikanun administratiw jogapkärçilige çekilen halatynda jenaýat işleri boýunça kazyýet tarapyndan olar barada aklaw hökümi çykarylýar. Şeýle ýagdaýlarda administratiw gözegçiligi bellemek, uzaltmak we bikanun administratiw jogapkärçilige çekmek baradaky kararlaryň sökülmeginiň bu ýagdaýlara täsiriniň ýokdugyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

7. Şu aşakdakylar administratiw gözegçiligi bellemek üçin esas bolup durýar:

a) jenaýatlary aýratyn howply residiwde amala aşyrylan diýlip ykrar edilen jenaýatlar üçin iş kesilen adamlar babatda kanuny güýje giren höküm;

b) Düzgünnamanyň 2-nji böleginiň "a,b" bentlerindäki görkezilen adamlar barasynda-düzediş edarasynyň administrasiýasynyň iş kesileniň düzeliş ýoluna gadam basmagy hem-de päk ýürekden zähmet çekmeli durmuşa goşulmagy zandyýamanlyk bilen islemeýändigi barada şaýatlyk edýän materiallar;

ç) Düzgünnamanyň 2-nji böleginiň "ç" bendindäki görkezilen adamlar barasynda-içeri işler edarasynyň düzediş edarasyndan boşan adamyň jemgyýete ters durmuş usulyny alyp barýandygy barada şaýatlyk edýän materiallar.

8. Düzediş edarasynyň başlygy Düzgünnamanyň 2-nji böleginiň "a,b" bentlerinde görkezilen adamlar barasynda administratiw gözegçiligi bellemek hakynda delillendirilen karar çykarýar. Şol kararda administratiw gözegçiligi bellemek üçin esaslar, gözegçiliginiň möhleti görkezilýär we gözegçilik edilýäniň oňa bellenilen ýaşaýyş ýerine gelmeli möhleti kesgitlenilýär. Karar gözegçilik edilýäniň boşan gününde onuň üçin bellenilen ýaşaýan ýerindäki içeri işler edarasyna iberilýär. Gözegçilik edilýän özüni bellenilen ýaşaýyş ýerine gelenden soň içeri işler edarasynyň başlygy Düzgünnamada göz öňünde tutulan çäklendirmeleri belleýär. Gözegçilik edilýän ýaşaýyş ýerine özi üçin bellenilen möhletde esasly sebäplere görä gelmedik halatynda, içeri işler edarasy tarapyndan ol barada gözleg yglan edilýär.

Içeri işler edarasynyň başlygy Düzgünnamanyň 2-nji böleginiň "ç" bendinde görkezilen adamlar barasynda administratiw gözegçiligi bellemek hakynda delillendirilen karar çykarýar, şol kararda gözegçiligi bellemek üçin esaslar, gözegçiliginiň möhleti we Düzgünnamada göz öňünde tutulan çäklendirmeler görkezilýär.

Düzgünnamanyň 2-nji böleginde göz öňünde tutulan ähli halatlarda administratiw gözegçiligi bellemäge prokuror tarapyndan sanksiýa berilýär.

9. Administratiw gözegçilik düzediş we içeri işler edarasynyň degişlilikde başlyklary tarapyndan bellenilýändigini, şeýle ýagdaýlarda ýokardaky görkezilen

başlyklaryň orunbasarlary tarapyndan administratiw gözegçiligiň bellenilip bilinmeýändigini, olar diňe içeri işler edaralarynyň degişli ýolbaşçylarynyň buýrugy esasynda düzediş we içeri işler edaralarynyň başlyklarynyň wezipesini ýerine ýetiren halatynda administratiw gözegçiligi goýmak barada karar çykaryp bilýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

10. Administratiw gözegçilik alty aýdan bir ýyla çenli möhlete bellenilýär. Zerur halatlarda administratiw gözegçilik her gezek ýene-de alty aýa, ýöne şol jenaýat üçin iş kesilenlik aýbynyň öz-özünden aýrylmak üçin kanunda göz öňünde tutulandan ýokary bolmadyk möhlete uzaldylyp bilner.

Eger-de öňki bellenen administratiw gözegçiligi boýunça bellenen wagt möhleti tamamlanyp, ol täzeden bellenen halatynda administratiw gözegçilikde duran adam diňe soňky bellenen gözegçilik boýunça jogapkärçilik çekýändigine, ýagny administratiw gözegçilik kadalarynyň bilkastlaýyn bozulmagynyň täzeden hasaplanyp başlanýandygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

11. Administratiw gözegçiligi bellenilýän adamlara şu aşakdaky çäklendirmeler ulanylyp bilner:

a) belli bir wagtda öýden (jaýdan) gitmegi gadagan etmek;

b) etrabyň (şäheriň) belli bir ýerlerinde bolmagy gadagan etmek;

ç) etrabyň (şäheriň) çäklerinden daşary şahsy işi bilen gitmegi gadagan etmek ýa-da gitmegiň wagtyny çäklendirmek;

d) aýda bir gezekden dört gezege çenli bellik geçmek üçin polisiýanyň degişli bölümine gelmek.

Ýokardaky görkezilenlerden başga çäklendirmeleriň bellenilmegine ýol berilmeýändigini we olaryň diňe içeri işler edarasy tarapyndan bellenilýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

Sanalyp geçilen çäklendirmeler gözegçilik edilýäniň durmuş usulyna, maşgala ýagdaýyna, işleýän ýerine we onuň şahsyýetini häsiýetlendirýän beýleki ýagdaýlara baglylykda doly möçberde ýa-da bölekleýin bellenilip bilner.

Administratiw gözegçilik bellenilen adamlar diňe özleri barada kararda görkezilen çäklendirmeleri zandyýamanlyk bilen ýerine ýetirmeýändikleri üçin jogapkärçilik çekýärler.

Administratiw gözegçilik amala aşyrylýan mahaly içeri işler edaralary gözegçilik edilýäniň şahsyýetini, onuň durmuş usulyny we özüni alyp barşyny hasaba almak bilen, ýeterlik esas bolan ýagdayynda agzalan Düzgünnamanyň 3-nji böleginde göz öňünde tutulan çäklendirmeleri üýtgetmäge (ýeňilleşdirmäge ýa-da agyrlaşdyrmaga) haklydyr.

12. Düzediş edarasynyň administrasiýasynyň we içeri işler edarasynyň administratiw gözegçiligi bellemek baradaky karary hem-de içeri işler edarasynyň administratiw gözegçiligi uzaltmak, gözegçilik amala aşyrylýan mahaly çäklendirmeleri bellemek hem-de üýtgetmek baradaky karary gözegçilik edilýän adama dil haty alnyp, yglan edilýär. Şunda oňa gözegçilik edilýäniň borçlary, administratiw gözegçiligiň kadalarynyň bozulandygy, administratiw gözegçiligi düzediş edarasy tarapyndan bellenilen adama özüniň ýaşaýan ýerine kesgitlenen möhletde esasly sebäpleri bolmazdan gelmänligi, şeýle hem administratiw gözegçilikden boýun gaçyrmak maksady bilen ýaşaýyş ýerinden bilkastlaýyn

gidendigi üçin jogapkärçiligi düşündirilýär. Diňe şondan soň gözegçilik edilýän adam jogapkärçilik çekýär.

13. Gözegçilikde saklanylýan adamyň administratiw gözegçilikden boýun gaçyrmak maksady bilen ýaşaýan ýerini özbaşdak taşlap gitmegi, şonuň ýaly-da azatlykdan mahrum ediş ýerinden boşadylan mahalynda administratiw gözegçiligi bellenilen adamyň kesgitlenen möhletde esasly sebäpsiz özüne görkezilen ýaşaýan ýerine gelmezligi üçin Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 243-nji maddasynyň 2-nji bölegi bilen jogapkärçilige çekilýär. Şu maddanyň 2-nji bölegine laýyklykda, onuň iki sany maddalaşdyryş alamaty bolup, biri administratiw gözegçilikden boýun gaçyrmak maksady bilen ýaşaýan ýerini özbaşdak taşlap gitmegi, beýlekisi bolsa, azatlykdan mahrum ediliş ýerlerinden boşadylan mahalynda onuň kesgitlenen möhletde esasly sebäpsiz ýaşaýan ýerine barmazlygydyr.

Jenaýatyň ýokarda agzalan maddalaşdyryş alamatlary boýunça şular anyklanmalydyr:

- ýaşaýan ýerini üýtgetmek hakynda içeri işler edaralarynyň işgärlerini habarly etmeli hem bolsa, gözegçilikden boýun gaçyrmak maksady bilen ýaşaýan ýerini özbaşdak taşlap giden bolmaly;

- azatlykdan mahrum ediş ýerinde gözegçilik bellenilen adam öz wagtynda ýaşamaga barmaly ýerine hiç bir esasly sebäpsiz barmadyk bolmaly.

14. Administratiw gözegçiligi bellenen adam bir ýylyň dowamynda iki gezek administratiw gözegçiligiň kadalaryny bozandygy üçin administratiw jogapkärçilige çekilip, ýene-de administratiw gözegçiligiň kadalaryny üçünji sapar bozandygy we içeri işler edaralarynyň rugsady bolmazdan, hemişelik ýaşaýan ýerini bilkastlaýyn taşlap giden halatynda, ol jenaýatlaryň jemi boýunça Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 243-nji maddasynyň 1-nji we 2-nji bölekleri bilen jogapkärçilige çekilmäge degişlidigini kazyýetlere düşündirmeli.

15. Şu aşakdaky halatlarda administratiw gözegçilik bes edilýär:

a) administratiw gözegçilik bellenilen möhletiň geçmegi boýunça tamamlananda;

b) eger gözegçilik edilýäniň düzelmek ýoluna ymykly gadam urandygy, päk ýürekden zähmet çekmeli durmuş usulyny alyp barýandygy, işde hem-de durmuşda oňat tarapyndan häsiýetlendirilýändigi anyklanylsa, onda möhletinden öň;

ç) gözegçilik edilýänden iş kesilenlik aýyby öz-özünden aýrylan ýa-da aýrylan halatlarynda.

Administratiw gözegçiligi bes etmek hakynda karar çykarylýar, ony etrabyň (şäheriň) içeri işler edarasynyň başlygy tassyklaýar.

Administratiw gözegçiligi bes etmek hakyndaky karar gözegçilik edilýäne yglan edilýär, şunda ol içeri işler edaralarynyň hasabyndan gözegçilikden aýrylýar.

16. Administratiw gözegçiligi amala aşyrmak bilen baglanyşykly şikaýatlara we arzalara seretmek we olary çözmek Türkmenistanyň kanunçylygynda görkezilen ýagdaýlar boýunça amala aşyrylýar.

17. Kazyýetler kanunyň talaplaryna laýyklykda jenaýatyň edilmegine ýol beren edaralaryň, kärhanalaryň, guramalaryň we aýry-aýry wezipeli adamlaryň işlerindäki anyk kemçilikleri görkezmelidirler we hemmetaraplaýyn derňemelidirler, şeýle hem şol kemçilikleri aradan aýyrmaklygy teklip edip, hususy

kararlary (kesgitnamalary) çykaryp, degişlilikde edaralaryň, guramalaryň, kärhanalaryň, ministrlikleriň we pudak edaralarynyň ýolbaşçylarynyň dykgatyna ýetirmelidirler.

18. Kazyýetler administratiw gözegçilik kadalarynyň bilkastlaýyn bozulmagy baradaky jenaýat işleri boýunça jenaýaty eden günäkär adamlara jeza çäresini kesgitlänlerinde, Türkmenistanyň JK-nyň 56-njy we 62-nji maddalarynyň talaplaryny ýerine ýetirip, her bir iş boýunça jenaýatyň boluş ýagdaýyny hemmetaraplaýyn seljerip, aýratyn çemeleşmegi gyşarnyksyz üpjün etmäge borçludyrlar, şunda jemgyýetçilik üçin howplulyk derejesine baha berlende, jenaýat etmegiň maksady, amala aşyrylan hereketleriň derejesi, şeýle hem günäkär baradaky maglumatlar göz öňünde tutulmalydyr.

19. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri aşaky kazyýetler tarapyndan administratiw gözegçilik bilen baglanyşykly jenaýatlar barasyndaky işleriniň dogry çözülişine elmydama kazyýet gözegçiligini amala aşyrmalydyrlar, bu babatda kazyýet iş tejribesini yzygiderli umumylaşdyrmalydyrlar we ýüze çykarylan kemçiliklere degişli baha berip, olary düzetmek boýunça öz wagtynda kanuny çäreleri görmelidirler.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy G.Hallyýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy J.Açylow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 4

2019-njy ýylyň 17-nji awgusty Aşgabat şäheri

Kiçi we orta telekeçiligiň subýektlerinde hem-de iş beriji – fiziki şahslarda işleýän işgärleriň zähmetini düzgünleşdirýän kanunçylygyň ulanylyşynyň kazyýet iş tejribesi hakynda

(17.02.2024 ý. № 3; 19.07.2025 ý. № 4; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Raýatlaryň zähmet hukuklarynyň döwlet kepillendirmelerini bellemekden, zähmetiň amatly şertlerini döretmekden, iş beriji - kiçi we orta telekeçiligiň subýektlerinde hem-de iş beriji - şahsy taraplarda işleýän işgärleriň we iş berijileriň hukuklaryny we kanun tarapyndan goralýan bähbitlerini goramakdan ybarat bolup durýan Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň kazyýetler tarapyndan doly hem dogry ulanylmagyny üpjün etmek maksady bilen "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy

K A R A R E D Ý Ä R:

1. Zähmet jedelleriniň kazyýetler tarapyndan dogry we öz wagtynda çözülmegi Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynda göz öňünde tutulan kadalaryň bozulmagynyň öňüni almakda, zähmet düzgün-tertibini berkitmekde, işgärleriň we iş berijileriň hukuklarynyň goralmagyny üpjün etmekde möhüm ähmiýete eýedigini kazyýetlere düşündirmeli.

Türkmenistanyň Zähmet kodeksine (mundan beýläk Türkmenistanyň ZK) we Türkmenistanyň gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda işgär bilen iş berijiniň arasynda baglaşylan zähmet şertnamasy zähmet gatnaşyklarynyň döremeginiň esasydyr.

2. Zähmet gatnaşyklary diýlip, Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynda, zähmet şertnamasynda, köpçülikleýin şertnamada (ylalaşykda) göz öňünde tutulan zähmet şertleriniň iş beriji tarapyndan üpjün edilen mahalynda işgäriň şahsy zähmet borçlarynyň tölegli ýerine ýetirilmegine, işgär bilen iş berijiniň arasyndaky ylalaşyga (belli bir kär, hünär, hünär derejesi ýa-da wezipe boýunça işler), kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalaryna işgäriň tabyn bolmagyna esaslanan gatnaşyklara düşünilýär.

3. Zähmet gatnaşyklarynyň taraplary diýlip, işgäre we iş berijilere düşünilýär. Iş beriji bilen zähmet gatnaşyklaryna giren fiziki şahs işgär bolup durýar.

Iş beriji diýlip, guramaçylyk-hukuk we eýeçiligiň görnüşine garamazdan, edara görnüşindäki taraplara ýa-da hakyna tutma zähmeti ulanýan we işgär bilen zähmet gatnaşyklaryna girýän şahsy taraplara düşünilýär.

Telekeçiligiň, kiçi we orta telekeçiligiň subýektleri bolan iş berijiler barada "Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 5-nji maddasynyň 1-nji bölegine görkezilendir. Oňa laýyklykda,

1) telekeçi ýuridik şahslar:

a) senagatda, elektroenergetikada, gurluşykda, gaz we suw üpjünçiliginde işleýän işgärleriň sanaw boýunça ortaça sany 15 adama çenli, beýleki pudaklarda 10 adamdan köp bolmadyk mikrokärhanalar;

b) senagatda, elektroenergetikada, gurluşykda, gaz we suw üpjünçiliginde işleýän işgärleriň sanaw boýunça ortaça sany 16 adamdan 50 adama çenli, beýleki pudaklarda 11 adamdan 25 adama çenli bolan kiçi kärhanalar;

ç) senagatda, elektroenergetikada, gurluşykda, gaz we suw üpjünçiliginde işleýän işgärleriň sanaw boýunça ortaça sany 51 adamdan 200 adama çenli, beýleki pudaklarda 26 adamdan 100 adama çenli bolan orta kärhanalar;

2) hususy telekeçiniň özüni hem goşmak bilen işleýän işgärleriniň sanaw boýunça ortaça sany 10 adamdan geçmeýän, ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki-şahslara hususy telekeçiler degişlidirler.

Iş beriji – fiziki şahs diýlip şu aşakdakylar ykrar edilýär:

a) Edara görnüşindäki tarapy döretmezden telekeçilik işini amala aşyrýan, bellenilen tertipde hususy telekeçi hökmünde bellige alnan şahsy tarap;

b) Öý hojalygyny alyp barmak boýunça hyzmat we kömek etmek maksady bilen, işgärler bilen zähmet gatnaşyklaryna girýän hususy telekeçi bolup durmaýan şahsy tarap;

4. Iş beriji - kiçi we orta telekeçiligiň subýektleri bolan telekeçi ýuridik şahslar bilen işgärleriň arasyndaky zähmet gatnaşyklary Türkmenistanyň ZK-niň umumy kadalary we beýleki zähmet-hukuk gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän kadalaşdyryjy hukuk namalar bilen düzgünleşdirilendir.

5. Hakyna tutma zähmeti ulanýan iş berijilerde-şahsy taraplarda işleýän adamlaryň zähmetini düzgünleşdirmegiň aýratynlyklary Türkmenistanyň ZK-nyň XIII bölüminiň 8-nji babynda we iş beriji-fiziki şahslarda işleýän öý işgärleriniň zähmetini düzgünleşdirmegiň aýratynlyklary şol bölümiň 9-njy babynda göz öňünde tutulandyr.

Hakyna tutma zähmeti ulanýan iş beriji-şahsy tarap bilen işgäriň arasyndaky zähmet şertnamasy şol Kodeksiň 288-300-nji maddalarynda göz öňünde tutulan tertipde baglaşylýar.

Türkmenistanyň ZK-nyň 30-njy maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda, bellenilen tertipde hususy telekeçi hökmünde degişli döwlet salgyt gulluklary tarapyndan bellige alnan ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işini amala aşyrýan fiziki şahslara ýa-da bellenen tertipde bellige alnan hünärmenlik hyzmatlaryny amala aşyrýan fiziki şahslara zähmet depderçeleri Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň ýerlerdäki zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi edaralary tarapyndan resmileşdirilýändigini kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

6. Iş beriji-fiziki şahsda işleýän işgärleriň arzalary boýunça zähmet jedelleri kazyýetler tarapyndan raýat iş ýöredişi tertibinde çözülmäge degişlidir (Türkmenistanyň Raýat iş ýöredişi kodeksiniň 32-nji maddasy, mundan beýläk Türkmenistanyň RIÝK).

Mysal üçin şeýle jedellere:

- raýat-hukuk häsiýetli şertnamadan gelip çykýan we fiziki şahsyň şahsy zähmetiniň ulanylmagy bilen bagly gatnaşyklary zähmet gatnaşyklary diýip ykrar etmek;
- zähmet şertnamasyny baglaşmakdan esassyz ýüz döndermekligi şikaýat etmek;
- zähmet hakyny, ulanylmadyk zähmet rugsadynyň öwez puluny we beýleki tölegleri almak;
- işgäre peýdalanmaga berlen ýörite geýimiň öwez puluny almak;
- talabalaýyk resmileşdirilen zähmet şertnamasy bolmadyk mahalynda iş berijiniň ýa-da onuň wekiliniň ygtyýar bermegi bilen ýa-da onuň tabşyrmagy boýunça adamyň işe hakyky goýberilen halatynda zähmet gatnaşyklary dörän diýip hasap etmek;
- zähmet şertnamasyny resmileşdirmek borjuny ýüklemek;
- iş berijini işgäriň zähmet depderçesine degişli ýazgylary girizmeklige borçly etmek;
- işe dikeltmek, zähmet gatnaşygynyň bes edilmeginiň wagtyny we esasynyň mazmunyny üýtgetmek we mejbury ýagdaýda işsiz geçirilen wagt üçin ortaça zähmet hakyny talap etmek;
- zähmet borçlaryny ýerine ýetirende saglygyna ýa-da emlägine ýetirilen zyýany töletmek we önümçilikde bolan betbagtçylykly hadysany degişli görnüşde (B-1) resmileşdirmeklige borçly etmek we ýetirilen zyýany talap etmek;
- zähmet gatnaşyklaryndan döräp biljek beýleki jedeller degişlidir.

Eger iş beriji – kiçi we orta telekeçiligiň subýektleri ýa-da edara görnüşindäki tarapy döretmezden telekeçilik işini amala aşyrýan, bellenilen tertipde hususy telekeçi hökmünde bellige alnan şahsy tarap babatda gurby ýetmezligi üçin batyp galma hakyndaky işler "Bergidaryň batyp galmagy hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna hem-de Türkmenistanyň raýat we arbitraž iş ýöredişi kanunçylygyna laýyklykda kazyýetler tarapyndan seredilýär.

7. Zähmet kanunçylygynda, zähmet şertnamasynda, köpçülikleýin şertnamada (ylalaşykda) başga düzgün bellenilmedik bolsa, zähmet şertnamasy adamyň ýazmaça arzasynyň esasynda çykarylan buýruga iş beriji tarapyndan gol çekilen gününden ýa-da iş berijiniň ýa-da onuň wekiliniň ygtyýary bilen ýa-da tabşyrmagy boýunça işgäriň işe (gulluga) hakyky goýberilen gününden; iş beriji hakyna tutma zähmeti ulanýan şahsy tarap bilen işgäriň arasynda baglaşylan zähmet şertnamasy iş beriji we işgär tarapyndan oňa gol çekilen gününden ýa-da iş beriji tarapyndan adamyň işe hakyky goýberilen gününden güýje giryändigini kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

8. Işgärleriň hak islegleri jogap beriji - edara görnüşindäki tarapy döretmezden telekeçilik işini amala aşyrýan fiziki şahsyň (telekeçiniň) ýaşaýan ýeri boýunça, ýuridik şahsa hak islegi ýuridik şahsyň edarasynyň ýerleşýän ýeri boýunça ýa-da onuň emläginiň ýerleşýän ýeri boýunça bildirilip bilner.

Türkmensitanda ýaşaýan ýeri bolmadyk jogap berijä hak islegi onuň emläginiň ýerleşýän ýeri boýunça ýa-da onuň Türkmenistanda belli bolan iň soňky ýaşaýan ýeri boýunça bildirilip bilner.

Şikes ýetirilmegi ýa-da saglygyna başga zeper ýetirilmegi ýa-da ekleýjisiniň ýitirilmegi sebäpli ýetirilen zeleliň öwezini dolmak hakyndaky hak islegleri hak isleýji tarapyndan özüniň ýaşaýan ýeri boýunça ýa-da zeleliň ýetirilen ýeri boýunça hem bildirilip bilner.

Ýerine ýetirilýän ýeri görkezilen zähmet şertnamalardan gelip çykýan hak islegleri şertnamanyň ýerine ýetirilýän ýeri boýunça hem bildirilip bilner (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 39-njy maddasynyň 8-nji bendi).

Taraplar öz arasyndaky ylalaşyk boýunça bu iş üçin çäk kazyýete degişliligini üýtgedip biler. Ylalaşyk ýazmaça görnüşde düzülmelidir (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 41-nji maddasynyň 1-nji bölegi).

Şeýle zähmet gatnaşyklaryndan gelip çykýan işiň kazyýet şeljerişine taýýarlanylmagy onuň özboluşly aýratynlyklaryny nazara almak bilen geçirilmelidir. Şunda, taraplaryň raýat kazyýet önümçiliginiň barşynda öz nukdaýnazarlaryny, ony goramagyň usullaryny we serişdelerini özbaşdak we kazyýetden, beýleki edaralardan we adamlardan garaşsyz saýlap alýandyklaryny, kazyýetleriň işiň hakyky ýagdaýlaryny anyklamak maksady bilen öz başlangyjy boýunça subutnamalary ýygnamakdan doly boşadylandygyny, ýöne taraplaryň delillendirilen haýyşnamasy boýunça Türkmenistanyň RIÝK-de göz öňünde tutulan tertipde zerur materiallary almakda olara ýardam edýändiklerini kazyýetler ünsden düşürmeli däldirler.

ŞAHSY ZÄHMET JEDELLERINIŇ ÇÖZÜLMEGI ÜÇIN KAZYÝETE ÝÜZ TUTMAGYŇ MÖHLETLERI

9. Umumy düzgün boýunça iş beriji – fiziki şahslarda işleýän işgär zähmet jedelleriniň çözülmegi baradaky hak islegi bilen kazyýete işgäriň öz hukuklarynyň bozulandygyny bilen ýa-da bilmeli bolan gününden beýläk üç aýyň dowamynda ýüz tutmalydyr. Şeýle jedellere - raýat-hukuk häsiýetli şertnamadan gelip çykýan we fiziki şahsyň şahsy zähmetiniň ulanylmagy bilen bagly gatnaşyklary zähmet gatnaşyklary diýip ykrar etmek, talabalaýyk resmileşdirilen zähmet şertnamasy bolmadyk mahalynda iş berijiniň ýa-da onuň wekiliniň ygtyýar bermegi bilen ýa-da onuň tabşyrmagy boýunça adamyň işe hakyky goýberilmegi halatynda zähmet gatnaşyklary dörän diýip hasap etmek baradaky jedeller degişlidir. Şeýle jedeller çözülende we kazyýete ýüz tutmagyň möhletiniň haýsy günden başlanýandygy kesgitlenende diňe agzalan raýat-hukuk häsiýetli şertnamada gol çekilen seneden ýa-da hakykat ýüzünde işe goýberilen gününden ugur almak bilen çäklenmän, eýsem iş üçin möhüm bolan anyk ýagdaýlary hasaba almak bilen, işgär özüniň

zähmet hukugynyň bozulandygyny bilendigini ýa-da bilmeli bolandygyny hasaba almak bilen netijä gelinmelidir.

10. Şeýle-de, Türkmenistanyň ZK-nyň 381-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 1-nji bendinde işe dikeltmek hakyndaky jedeller boýunça işgäre onuň bilen zähmet şertnamasynyň bes edilendigi hakyndaky buýrugyň nusgasynyň gowşurylan gününden beýläk bir aý möhletiň dowamynda gös-göni kazyýete ýüz tutmalydyklaryna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

11. Türkmenistanyň ZK-nyň 382-nji maddasy bilen göz öňünde tutulan möhletleriň esasly sebäplere görä berjaý edilmedik halatynda, olar işgäriň ýa-da onuň ygtyýarly edilen wekiliniň arzasy esasynda kazyýet tarapyndan ýa-da zähmet jedelleri baradaky topar tarapyndan dikeldilip bilinýändigi agzalan maddanyň 2-nji bölegi bilen göz öňünde tutulan. Möhletleriň geçirilmeginiň esasly sebäbi hökmünde işgäriň näsaglamagy, iş saparynda bolmagy we betbagtçylykly hadysalar sebäpli kazyýete ýüz tutmaga mümkinçiligiň bolmazlygy, agyr keselli maşgala agzalaryna ideg etmek zerurlygynyň ýüze çykarymagy we beýlekiler göz öňünde tutulyp bilner.

Kazyýete zähmet jedeli bilen ýüz tutmagyň möhletiniň esasly ýa-da esassyz geçirilendigi barada netijä gelinmegi üçin her bir ýagdaýy aýratynlykda barlap, şolara umumylykda baha berip netijä gelinmelidigine kazylaryň ünsüni çekmeli.

ZÄHMET GATNAŞYKLARYNYŇ DÖREMEGINIŇ ESASLARY WE OLARY RESMILEŞDIRMEGIŇ TERTIBI

12. Hakyna tutma zähmeti ulanýan iş beriji – fiziki şahs bilen işgäriň arasynda zähmet şertnamasy Türkmenistanyň ZK-nyň 288–300-nji maddalarynda göz öňünde tutulan tertipde baglaşylýar. Iş berijiniň işe kabul etmek hakyndaky buýrugy işgäre üç gün möhletde gol çekdirilip yglan edilmelidir. Işgäriň talap etmegi boýunça iş beriji oňa görkezilen buýrugyň degişli ýagdaýda tassyklanan nusgasyny bermäge borçludyr.

Iş berijiniň işe kabul etmek hakyndaky buýrugy (şertnamasy) talabalaýyk resmileşdirilmedik mahalynda, adamyň işe hakyky goýberilmegi zähmet şertnamasynyň hereket edip başlamagy hasaplanyp, işgäri işe kabul etmek hakyndaky buýruk onuň işe hakyky goýberilen gününden başlap üç senenama gününden gijä galman çykarylmalydyr. Eger işgär bellenilen möhletden ýedi senenama gününiň geçmegi bilen esasly sebäpler bolmazdan işe girişmese, onda zähmet şertnamasy baglaşylmadyk diýlip hasap edilýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

13. Taraplaryň arasynda zähmet gatnaşyklarynyň bolandygy baradaky mesele çözülende Türkmenistanyň RIÝK-nyň 45-nji, 48-nji, 49-njy we 50-nji maddalaryna laýyklykda, iş ýörediş kanunçylygynda göz öňünde tutulan subut etmegiň serişdeleri kabul edilip bilner.

Şeýle subutnamalaryň hatarynda, hususan-da ýazmaça subutnamalar (mysal üçin iş berijiniň ýerleşýän ýerine geçmeklige resmi rugsatnama (propusk), işgäriň işe gelip-gitmeginiň žurnalda bellige alynmagy, işiň ýerine ýetirilendigi barada ykrarnama, zähmeti goramak barada alnyp barylýan resminamalar we ş.m.)

şaýatlaryň görkezmeleri, audio we wideo ýazgylary we beýlekileri degişli hasap edilip bilner.

14. Iş beriji – fiziki şahs bilen işgäriň arasyndaky zähmet gatnaşygy zähmet şertnamasy esasynda döreýär. Zähmet şertnamasy ýazmaça görnüşde baglaşylýar we taraplar tarapyndan gol çekilýär (Türkmenistanyň ZK-nyň 288-nji maddasy).

15. Zähmet gatnaşyklaryny kanunalaýyk resmileşdirmek (zähmet şertnamasyny ýazmaça görnüşde baglaşmak) borjy Türkmenistanyň ZK-nyň 288-nji maddasyna laýyklykda, iş berijiniň üstüne ýüklenendigini, 293-nji maddasyna laýyklykda bolsa, iş beriji–ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işini amala aşyrýan fiziki şahsda zähmet şertnamasy esasynda işleýän işgärleriň zähmet işi hakyndaky maglumatlar olaryň zähmet depderçelerine Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň ýerlerdäki zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi edaralary tarapyndan girizilýändigini, iş beriji–fiziki şahsyň işgärleriň zähmet depderçelerine ýazgy geçirmäge, şeýle hem ilkinji gezek işe kabul edilýän işgärlere zähmet depderçelerini resmileşdirmäge hukugynyň ýokdugyny kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

Şonuň bilen birlikde zähmet şertnamasynyň ýazmaça görnüşinde bolmazlygy, taraplaryň arasynda zähmet gatnaşyklarynyň bolandygyny kazyýet tertibinde anyklamak mümkinçiligini aradan aýyrmaýar, sebäbi Türkmenistanyň ZK-nyň 15-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, zähmet şertnamasynyň göwnejaý ýagdaýda resmileşdirilmändigine garamazdan, iş berijiniň ýa-da onuň wekiliniň ygtyýary bilen ýa-da tabşyrmagy boýunça adamyň işe hakyky goýberilmegi hem zähmet gatnaşyklarynyň ýüze çykmagy üçin esas bolup duryar.

Şeýle ýagdaýda, zähmet şertnamasy işgäriň hakykat ýüzünde işe goýberilen gününden başlap baglaşylan hasap edilmäge degişlidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

16. Zähmet şertnamasy ýazmaça görnüşde resmileşdirilmedik işgärleriň jedeli çözülende zähmet gatnaşyklarynyň ýokdugyny tassyklaýan subutnamany iş beriji – fiziki şahs kazyýetiň ygtyýaryna bermelidir.

17. Zähmet gatnaşyklary kanunyň talabyna laýyklykda resmileşdirilmedik işgäriň zähmet hakyny talap etmek baradaky işlere seredilende aýlyk zähmet hakynyň möçberini tassyklaýan ýazmaça subutnamalaryň bolmadyk ýagdaýynda, kazyýet tarapyndan işgäriň hünär derejesine görä, şol ýerde berilýän tölegleri göz öňünde tutup, şeýle mümkinçilik bolmadyk ýagdaýynda iň pes zähmet hakyndan ugur alnyp kesgitlenip bilner.

18. Türkmenistanyň ZK-nyň 10-njy maddasynda zähmet gatnaşyklary barada berlen düşündirişden we hakykat ýüzünde zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän raýat-hukuk häsiýetli şertnamalaryň baglaşylmagyna ýol berilmeýändiginden ugur alnyp, kazyýetler tarapyndan formal taýdan raýat-hukuk häsiýetli şertnama baglaşylan hem bolsa, kazyýet seljerşinde şol şertnama bilen hakykat ýüzünde zähmet gatnaşyklarynyň düzgünleşdirilendigi anyklanylsa, taraplaryň arasynda zähmet gatnaşyklarynyň dörändigi barada netijä gelnip bilner.

Eger-de, taraplaryň arasynda raýat-hukuk häsiýetli şertnamasy baglaşylan bolup, emma kazyýet seljerişiniň dowamynda şol şertnama bilen hakykat ýüzünde

işgär bilen iş berijiniň arasynda zähmet gatnaşyklary düzgünleşdirilendigi anyklanylsa, şeýle gatnaşyklar babatda Türkmenistanyň ZK-nyň 5-nji maddasynyň 5-nji bölegine laýyklykda, zähmet kanunçylygynyň we zähmet hukuklary göz öňünde tutulan beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryň düzgünleri ulanylmaga degişlidir.

IŞGÄR BILEN IŞ BERIJI-ŞAHSY TARAPLARYŇ WE IŞ BERIJI-KIÇI WE ORTA TELEKEÇILIGIŇ SUBÝEKTLERINIŇ ARASYNDA ZÄHMET GATNAŞYKLARYNY DÜZGÜNLEŞDIRMEGIŇ AÝRATYNLYKLARY

19. Iş beriji – fiziki şahsda ýa-da iş beriji - kiçi we orta telekeçiligiň subýektinde işleýän işgär bilen möhletli zähmet şertnamasynyň baglaşylmagynyň esaslylygy barada mesele çözülende şeýle şertnama, eger Türkmenistanyň ZK-da we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, haçan-da zähmet gatnaşyklary hemişelik häsiýete eýe bolmasa, ýa-da edilmeli işiň häsiýetiniň ýa-da ony ýerine ýetirmegiň şertiniň hasaba alynmagy bilen kesgitsiz möhlete bellenip bolmaýan ýagdaýlarda, möhletli zähmet şertnamasy baglaşylýandygyndan ugur alynmalydyr.

Işgär bilen haýsy ýagdaýlarda möhletli zähmet şertnamasynyň baglaşylyp bilinýändigi Türkmenistanyň ZK-nyň 18-nji maddasynyň 3-nji böleginde (jemi 18 bentden ybarat) sanalyp geçilendir we bu sanaw gutarnyklydyr.

20. Türkmenistanyň ZK-nyň 289-njy maddasyna laýyklykda işgär bilen iş beriji-şahsy tarapyň arasyndaky ylalaşyk boýunça hem möhletli hem möhletsiz şertnama baglaşylyp bilner.

21. Kazyýetler tarapyndan iş beriji-fiziki şahsda işleýän işgäriň zähmet gatnaşyklarynyň bes edilmegi bilen bagly berilýän kömek puluny we beýleki öwez töleglerini tölemek baradaky jedellere seredilende Türkmenistanyň ZK-nyň 291-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, iş beriji-fizki şahs işden çykarylýana kömek pulunyň we beýleki öwez töleglériniň halatlary we möçberleri zähmet şertnamasy bilen kesgitlenilýär. Jedeliň çözgüdi şertnamada görkezilenlere esaslandyrylmalydyr.

22. Türkmenistanyň ZK-nyň 291-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, iş beriji-şahsy tarapda işleýän işgär bilen zähmet şertnamasy şu Kodeksde, şeýle hem zähmet şertnamasynda göz öňünde tutulan esaslar boýunça bes edilip bilinýär.

Zähmet şertnamasynyň bes edilmegi bilen bagly Zähmet kodeksinde göz öňünde tutulan goşmaça esaslaryň kanunylygy çözülende, şol esaslar şahsyýetiň hukugyny kemsidiji häsiýete eýe bolmaly däldigine (mysal üçin göwrelilik, pensiýa ýaşyna ýetmek) üns berilmelidir.

23. Türkmenistanyň ZK-nyň 42-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, kärhananyň ýatyrylmagy ýa-da iş beriji-fiziki şahs tarapyndan işiň bes edilmegi esasynda zähmet şertnamasynyň iş beriji tarapyndan ýatyrylmagynyň esaslydygyny anyklamak üçin kazyýetler tarapyndan hakykatdan hem hususy telekeçiniň işiniň bes edilendigini anyklamak, ýagny ygtyýarnamasyny uzaltmakdan ýüz döndermek, önümçilik hereketleriniň bes edilmegi we ş.m. ýagdaýlaryň barlanylmagy zerurdyr.

Şonuň ýaly-da telekeçilik işiniň bes edilmeginiň subutnamalary iş beriji-hususy telekeçi tarapyndan berilmelidir.

24. Zähmet şertnamasy bilen bagly hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan jedeller boýunça işlere nägilelik tertibinde seredilende kazyýetler birinji basgançakly kazyýet tarapyndan iş boýunça ähmiýeti bolan ýagdaýlaryň dogry kesgitlenendigi, kazyýetiň anyklanan diýip hasap eden ýagdaýlarynyň subut bolandygy, kazyýetiň öz çözgüdinde beýan eden netijesiniň işiň hakyky ýagdaýlaryna laýyk gelýändigi, maddy we iş ýörediş hukuk kadalarynyň bozulandygy ýa-da bozulmandygy, şol kadalaryň ulanylyşynyň dogrulygy hakyndaky meseleleri anyklamalydyr.

25. Şeýle çygyrdaky işler boýunça ýüze çykýan jedelleriň kazyýetlerde kanunalaýyk seredilmegini üpjün etmek maksady bilen, kazyýet iş tejribesini yzygiderli umumylaşdyrmak arkaly kazyýet kararlarynyň hilini has-da ýokarlandyrmak we jedelleriň döremegine sebäp bolan ýagdaýlary aradan aýyrmak boýunça degişlilikde wagyz nesihat işini yzygiderli geçirilmelidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy G.Hallyýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy J.Açylow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 5

2019-njy ýylyň 17-nji awgusty Aşgabat şäheri

Awtoulag serişdeleri bilen ýolagçylary gatnatmak, ýükleri we goşlary, el goşlary daşamak baradaky şertnama boýunça kanunçylygy ulanmakda ýüze çykýan käbir meseleler barada

(17.02.2024 ý. № 3; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe raýat kanunlarynyň raýat hukuklaryny päsgelçiliksiz amala aşyrmagyň, bozulan hukuklaryň dikeldilmegini üpjün etmegiň, şol hukuklary kazyýetiň üsti bilen goramagyň zerurdygyny ykrar etmäge esaslanýandygyny göz öňünde tutup, kazyýetler tarapyndan awtoulag serişdelerinde ýolagçylary gatnatmak, ýükleri we goşlary daşamak bilen baglanyşykly ýüze çykýan işlere seredilende kanunçylygyň dogry ulanylmagyny üpjün etmek maksadyna eýerip, "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy

K A R A R E D Ý Ä R:

1. Ýolagçylary gatnatmak ýa-da ýüki daşamak şertnamasy – daşaýyş şertnamasy boýunça daşaýjy bellenilen ýerine ýüki eltmäge ýa-da ýolagçylary äkitmäge borçludyr.

2. Awtoulag serişdeleri bilen ýolagçylary we goşlary gatnatmak boýunça gatnaşyklar Türkmenistanyň Raýat Kodeksiniň (mundan beýläk Türkmenistanyň RK) 3-nji böleginiň 2-nji bölüminiň 12-nji babynda göz öňünde tutulan kadalar we "Awtomobil ulagy hakynda" Türkmenistanyň Kanuny bilen düzgünleşdirilýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Ýörite kanun bilen düzgünleşdirilmedik, telekeçilik we ykdysady gatnaşyklar bilen bagly bolmadyk ýolagçylary gatnatmak we ýüki daşamak şertnamalaryndan gelip çykýan, şol sanda raýat özüniň hususy, maşgala, öý, durmuş we beýleki zerurlyklary bilen bagly şertnamalýyn gatnaşyklary boýunça şahsy (durmuş) hajatlaryny kanagatlandyrmaga gönükdirilen we girdeji almak bilen bagly bolmadyk beýleki şertnamalardan gelip çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirýän "Sarp edijileriň hukuklaryny goramak hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň kadalary ulanylmaga degişlidir.

Şeýle gatnaşyklardan gelip çykýan işiň kazyýet seljerişine taýýarlanmagy awtoulag serişdesini ulanmakdaky gatnaşyklaryň aýratynlyklaryny nazara almak

bilen hökmany geçirilmelidir we kanunda bellenilen möhletde çözülmegi üpjün edilmelidir.

Munuň üçin hak isleýiş arza kazyýetiň önümçiligine kabul edilip, raýat işi gozgalandan soň ony kazyýet seljerişine taýýarlamak tapgyrynda işiň öz wagtynda seredilmegini we dogry çözülmegini üpjün etmek üçin kazyýet iş boýunça taraplaryň ýazmaça haýyşy esasynda zerur subutnamalary talap edip almakda olara we işe gatnaşýan beýleki adamlara ýardam berip biler.

3. Daşaýyş şertnamasy bilen bagly taraplaryň arasynda ýüze çykýan jedeller boýunça raýat kazyýet önümçiliginiň wezipeleri fiziki we ýuridik şahslaryň kanun arkaly goralýan bähbitlerini goramak maksady bilen raýat işine dogry we öz wagtynda seretmekden hem-de çözmekden ybaratdygyny kazyýetlere düşündirmeli.

Ýagny, ýükleri we ýolagçylary şertnama esasynda daşamak bilen meşgul bolýan ýuridik şahslar we şahsy telekeçiler, şeýle hem sürüjiden başga awtoulag serişdesinde bolan adamlary we (ýa-da) maddy gymmatlyklary (närsesi) şertnama baglaşmazdan (öz bähbitleri üçin) gatnadýanlar babatda awtoulag serişdesini ulanýanlar üçin göz öňünde tutulan borçlar degişli edilýändiginden ugur alynmalydyr.

4. Jedele gatnaşyjylaryň hukuk gatnaşyklaryna kazyýetler tarapyndan baha berlende Türkmenistanyň RK-nyň III böleginiň II bölüminiň XII, XV baplarynda göz öňünde tutulan talaplaryndan ugur alynmaga degişlidir, şeýle edilmegi şertnamanyň taraplaryň atlandyrylyşyna we ş.m. ýagdaýlara bagly bolmaly däldir.

5. Kazyýetler daşaýjylar tarapyndan ýüki daşamak borçlarynyň talaba laýyk ýerine ýetirilmändigi sebäpli talap bildirmek hukugy ýük ugradyjylara, ýük alyjylara, şeýle hem ätiýaçlandyryş töleglerini tölän ätiýaçlandyryjylara degişlidigini göz öňünde tutmalydyrlar.

Eger-de, ýük ugradyjy buýrujynyň özi bolsa ýagny, şertnamany buýrujynyň özi özbaşdak ýa-da onuň adyndan ibermek bilen meşgul bolýan adam tarapyndan baglaşylan bolsa, buýrujy daşaýjydan ýüküň ýitirilmegi, kemçiligi ýa-da zaýalanmagy sebäpli ýetirilen zyýany tölemekligi talap etmäge haklydyr. Buýrujynyň daşaýja hak isleg bildirmek hukugy, eger şertnamanyň şertine laýyklykda, ibermek bilen meşgul bolýan adam hem ýüki ýitgisiz daşamak barada buýrujynyň öňünde borçlanan bolsa oňa hem hak isleg bildirmäge haklydygyna kazyýetler üns bermelidirler.

Daşamak şertnamasyny ibermek bilen meşgul bolýan adam öz adyndan baglaşan bolsa ýüküň ýitirilmegi, kemçiligi ýa-da zaýalanmagy sebäpli ýetirilen hakyky zyýany daşaýjydan talap etmek hukugy ibermek bilen meşgul bolýan adamyň özüne degişlidir. Ýüküň eýesiniň kimdigine garamazdan, şeýle-de ibermek bilen meşgul bolýan adam degişli zyýany buýruja töländigi bilen bagly bolman daşaýjy ýetirilen zyýany ibermek bilen meşgul bolýan adama tölemäge borçludyr. Şeýle ýagdaýda ýüküň ýitirilmegi, kemçiligi ýa-da zaýalanmagy sebäpli ýetirilen zyýanyň öwezini dolmaklyga buýrujynyň öňünde ibermek bilen meşgul bolýan adamyň jogap bermelidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Ibermek bilen meşgul bolýan adam buýrujynyň talap etmegi boýunça daşaýjydan talap etmek hukugyny buýruja bermelidir.

6. Haçanda ýolagçyny gatnadýan we oňa degişli ýüki daşaýan daşaýjy bolup, şeýle iş bilen hemişelik meşgul bolýan bolsa, umumy düzgün boýunça gatnatmak şertnamasy bilen birlikde Türkmenistanyň RK-nyň III böleginiň II bölüminiň XII babynda göz öňünde tutulan düzgünler ulanylmaga degişlidir.

7. Ýolagçyny gatnatmak we ýüki daşamak barada şertnamanyň baglaşylandygy ýol resminamalarynyň satyn alnandygy bilen tassyklanylýar ("Awtomobil ulagy hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 17-nji maddasy).

Şonuň bilen birlikde ýol resminamasynyň ýoklugy, nädogrulygy ýa-da ýitirilmegi öz-özünden ýolagçyny gatnatmak şertnamasyny baglaşylmadyk ýa-da hakyky däl diýip bilinmäge esas bolup bilmez. Şeýle ýagdaýda taraplaryň arasynda şertnama gatnaşygynyň bolandygy Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksinde göz öňünde tutulan subutnamalar bilen tassyklanyp bilner.

8. Daşaýjy daşamak üçin başga adamlaryň hyzmatyndan peýdalanan ýagdaýynda şolaryň hereketine öz günäsi hökmünde jogap berýär (Türkmenistanyň RK-nyň 739-njy maddasynyň 3-nji bölegi).

9. Ýolagçylaryň we ýükiň öz wagtynda bellenen ýere eltilmegi hem-de ýüki ony almaga tabşyrylan adama gowşurylmagy, daşaýjy tarapyndan şertnama boýunça talabalaýyk ýerine ýetirilen diýip düşünmelidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Eger-de, berlen awtoulag serişdesinde ýöremeklik şol serişdäniň näsazlygy, ýol-ulag hadysasy ýa-da başga sebäpler üçin bes edilse ýolagçylar öňki ýol resminamasy bilen daşaýjy tarapyndan tapylan başga awtoulag serişdesinden peýdalanmaga haklydyr ("Awtomobil ulagy hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 21-nji maddasynyň 2-nji böleginiň 9-njy bendi).

Şeýle edilmedik ýagdaýynda ýolagçy ýol resminamasynyň bahasynyň doly möçberde, şeýle hem beýleki ýitgileriň gaýtaryp berilmegini talap etmäge haklydygyny nazara alyp, kazyýetler tarapyndan belli bir netijä gelinmelidir.

10. Umumy düzgün boýunça ýolagçynyň el goşunyň ýitirilmegi, kemelmegi ýa-da zaýalanmagy sebäpli jogapkärçiligi ýolagçynyň öz üstüne ýüklenilýär. Eger-de zyýan daşaýjynyň günäsi bilen emele gelen bolsa, şeýle jogapkärçilik daşaýjynyň üstüne ýüklenilip bilinýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

11. "Awtomobil ulagy hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 21-nji maddasynyň 2-nji böleginiň 8-nji bendinde göz öňünde tutulyşy ýaly, awtoulagda daşaýjy-ýuridik şahs ýolagçylary awtoulagda gatnatmak boýunça borçlaryny ýerine ýetirmändigi ýa-da göwnejaý ýerine ýetirmändigi üçin ýetirilen zyýanyň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda öwezini dolmaga borçludyr (Türkmenistanyň RK-nyň 722-nji maddasy).

12. "Awtomobil ulagy hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 23-nji maddasyna laýyklykda, awtoulagda ýük daşamagyň şertnamasy boýunça ýük daşaýjy özüne ynanylan ýüki niýetlenilen ýerine eltmäge we ony ýüki alyja ýa-da ony almaga ygtyýarlyk berlen adama bermäge borçlanýar.

Türkmenistanyň RK-nyň 725-nji maddasyna laýyklykda, daşaýyş şertnamasy haryt-ulag delilhaty görnüşinde resmileşdirilýär. Haryt-ulag delilhatynyň, onuň kemçiliklerine ýa-da ýitirilmegine, ýoklugyna garamazdan, daşaýyş şertnamasynyň

mazmuny we hakykylygy agzalan Kodeksiň III böleginiň II bölüminiň XII babynda göz öňünde tutulan kadalar bilen kesgitlenilmäge degişlidir.

Şonuň bilen birlikde haryt-ulag delilhatynyň, dogrulygy ýa-da ýitirilmegi öz özünden ýük daşamak baradaky şertnamany baglaşylmadyk ýa-da hakyky däl diýip bilmeklige esas bolup bilmeýär. Şeýle ýagdaýda taraplaryň arasynda şertnamalaýyn gatnaşygyň bolandygy beýleki subutnamalar bilen tassyklanylýar (Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 45-nji maddasy we Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksiniň 46-njy maddasy).

13. Türkmenistanyň RK-nyň 739-njy maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, eger ýük alnan pursatyndan tabşyrmaga çenli döwürde ýitirilse ýa-da zaýalansa, ýük daşaýjy doly ýa-da bölekleýin ýitirendigi ýa-da zaýalandygy, şeýle hem eltmek möhletiniň geçendigi üçin jogapkärçilige çekilýär, eger-de Türkmenistanyň RK-nyň 740-njy maddasynyň 1-nji böleginde göz öňünde tutulyşy ýaly ýüküň ýitirilmegi ýa-da zaýalanmagy, eltmek möhletiniň geçmegi, şol Kodeksiň 739-njy maddasynyň 2-nji böleginde görkezilen ýagdaýlarda eltendigini subut edip bilmese, şeýle edilýär.

14. Daşaýjynyň günäsiniň aradan aýrylmagyna aşakdaky ýagdaýlar esas bolup bilýändigini kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar, ýagny:

- ýeňip geçip bolmajak güýjüň netijesinde;
- Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda awtoýollarda awtoulag serişdeleriniň hereketi çäklendirilse ýa-da hereketi gadagan edilse;
- ýük iberijiniň günäsi bilen, şol sanda ýüküň talaba laýyk gaplanmandygy sebäpli;
- bellenilen kadadan artyk tebigy ýitgiler bolsa;

15. Daşaýjy öz borjuny göwnejaý ýerine ýetirmändigi sebäpli, ýüki eltmegiň möhletini geçirmegi sebäpli, ýüze çykan ýitgini öz kontragentine tölemäge borçludyr. Mysal üçin: ýüki eltmegiň möhleti bozulan ýagdaýynda ýüki ugradyjy, şertnamanyň tarapy hökmünde özüne ýetirilen zyýanyň tölenilmegini ýük daşaýjydan talap etmäge haklydyr (Türkmenistanyň RK-nyň 416-njy maddasy).

16. Türkmenistanyň RK-nyň 784-nji maddasyna laýyklykda iberýän bölümiň şertnamasy boýunça ibermek bilen meşgul bolýan şahs buýrujynyň adyndan we onuň hasabyna ýük daşamak bilen baglanyşykly hereketleri amala aşyrmaga borçludyr.

Şertnamanyň şertine baglylykda ibermek bilen meşgul bolýan adamyň borçlarynyň mazmuny düýpgöter tapawutly bolup biler: daşamak şertnamasyny müşderiniň adyndan baglaşmak, daşamak resmi namalaryny resmileşdirmek, ýüki ugratmak ýa-da kabul etmek we ş.m. Türkmenistanyň RK-nyň 794-nji, 795-nji maddalaryna laýyklykda, ýüki ibermek bilen meşgul bolýan adam kazyýet tarapyndan jogapkärçilige çekilende, onuň borçlarynyň mazmuny we olaryň talaba laýyk ýerine ýetirilmändigi kazyýetler tarapyndan anyklanylmalydyr.

Ibermek bilen meşgul bolýan adam ýüküň ýitirilendigi, kemçilikleri ýa-da zaýalanandygy üçin jogapkärçilik çekýär, eger ol:

1) daşamagy hakykat ýüzünde öz awtoulag (awtoulag) serişdesi bilen daşan bolsa;

2) özüniň awtoulag resminamasyny, dil hatyny ýazan bolsa ýa-da başgaça ýüki ýitgisiz eltmek pikirini aýan eden bolsa;

Eger-de, ibermek bilen meşgul bolýan adamyň üstüne şertnama görä ýük ugradyjynyň käbir funksiýasy, mysal üçin daşaýjy bilen hasaplaşmak, daşamak üçin resminamalary taýýarlamaklyga borçly bolsa, daşaýjy tarapyndan ýüküň ýitirilmegi, kemçiligi ýa-da zaýalanmagy üçin jogapkärçilige çekilip bilinmez.

17. Ýük daşamakdan gelip çykýan hukuklar boýunça hak isleýiş wagty bir ýyla çenlidir (Türkmenistanyň RK-nyň 752-nji maddasy).

18. Hak isleýiş wagtynyň möhleti şahsyň janyna ýa-da saglygyna ýetirilen zyýanyň öwezini töletmek hakyndaky talaplara degişli däldir. Emma, şonuň ýaly zyýany töletmek hukugynyň ýüze çykan pursatyndan beýläk 3 ýyl geçenden soň bildirilen talaplar geçen wagt üçin hak isleýşiň bildirilen mahalynyň öň ýanyndaky üç ýyldan köp bolmadyk wagt üçin kanagatlandyrmaga degişlidir.

Ýüki ugradyjy bolan ibermek bilen meşgul bolýan adamyň talabynyň hakyky daşaýja ýüküň ýitirilmegi, kemçiligi ýa-da zaýalanmagy bilen bagly ýetirilen zyýany töletmek barada hak isleg bildirmek möhleti talabyň ýüze çykan pursatyndan başlanýar.

19. Daşaýyş şertnamasy bilen bagly hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan jedeller boýunça işlere nägilelik tertibinde seredilende kazyýetler birinji basgançakly kazyýet tarapyndan iş boýunça ähmiýeti bolan ýagdaýlaryň dogry kesgitlenendigi, kazyýetiň anyklanan diýip hasap eden ýagdaýlarynyň subut bolandygy, kazyýetiň öz çözgüdinde beýan eden netijesiniň işiň ýagdaýlaryna laýyk gelýändigi, maddy we iş ýörediş hukuk kadalarynyň bozulandygy ýa-da bozulmandygy, şol kadalaryň ulanylyşynyň dogrulygy hakyndaky meseleleri anyklamalydyr.

20. Şeýle işlere kazyýetlerde seredilende, kanunyň birmeňzeş ulanylmagyny üpjün etmek maksady bilen ýüze çykan kazyýet iş tejribesiniň umumylaşdyrylmagy, olara seretmekde tejribäniň baýlaşmagyna getirip biler.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy G.Hallyýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy J.Açylow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

KARARY № 6

2019-njy ýylyň 17-nji awgusty Aşgabat şäheri

"Ýerine ýetiriş önümçiliginiň dowamynda ýüze çykýan käbir meseleler boýunça kanunçylygyň ulanylyşy hakynda"

(17.02.2024 ý. № 3; 19.10.2024 ý. № 9; 19.07.2025 ý. № 4; 18.10.2025 ý. № 10; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen)

"Ýerine ýetiriş önümçiligi we kazyýet ýerine ýetirijileriniň hukuk ýagdaýy hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň dogry we birmeňzeş ulanylmagyny üpjün etmek hem-de ýerine ýetiriş önümçiliginiň barşynda kanunçylygy ulanmakda ýüze çykan käbir meseleler boýunça ugrukdyryjy düşündirişleri bermek maksady bilen, "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy,

KARAR EDÝÄR:

1. Ýerine ýetiriş önümçiligi alnyp barylanda Türkmenistanyň kanunçylygynyň, şol sanda "Ýerine ýetiriş önümçiligi we kazyýet ýerine ýetirijileriniň hukuk ýagdaýy hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň (mundan beýläk Kanun) we onuň esasynda Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti tarapyndan kabul edilen, "Ýerine ýetiriş önümçiligini gozgamagyň, alyp barmagyň, hasabyny ýöretmegiň we saklamagyň tertibi hakynda Gollanmanyň" (mundan beýläk Gollanma) talaplarynyň berk berjaý edilip, ýerine ýetiriş önümçiligine gatnaşýan şahslaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň goralmagynyň doly üpjün edilmelidigine kazyýetleriň (kazylaryň) ünsüni çekmeli.

2. Kanunyň 6-njy (ýerine ýetiriş resminamalarynyň görnüşleri) we 7-nji (ýerine ýetiriş namasynyň mazmuny) maddalarynyň talaplaryna laýyk gelýän ýerine ýetiriş resminama özüne gelip gowşandan soň, Kanunyň 47-nji maddasynda göz öňünde tutulan umumy şertleri berjaý edip kazyýet ýerine ýetirijisi üç gije gündizden gijä galman ýerine ýetiriş önümçiligi gozgaýar we bu hakda karar çykaryp, ýerine ýetiriş hereketleri amala aşyrmaklyga girişýär (Kanunyň 30-njy maddasy).

Kanunyň 6-njy maddasynda sanalyp geçilýän ýerine ýetiriş resminamalaryň görnüşleriniň sanawy gutarnykly däldir we Türkmenistanyň kanunçylygy bilen ýerine ýetirilmäge degişli beýleki resminamalar hem göz öňünde tutulyp bilner.

Buýruk önümçiligi boýunça kazyýet buýrugy hakynda kesgitnamanyň şol bir wagtda ýerine ýetiriş resminamasy bolup, kazyýet çözgütlerini ýerine ýetirmek üçin bellenen tertipde ýerine ýetirilýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Aliment töletmek hakynda şertnama, notarial edarasy tarapyndan bellenen tertipde tassyklanylan ýagdaýynda, onuň ýerine ýetiriş resminamanyň hukuk güýjüne eýe bolýandygyny kazyýetlere (kazylara) düşündirmeli.

Ýerine ýetiriş resminamanyň kanunda bellenilen, ýokarda görkezilen talaplara laýyk gelmeýän halatynda, kazyýet ýerine ýetirijisi üç günüň dowamynda ýerine ýetiriş namany gaýtarmak hakynda delillendirilen karar çykaryp, ony beren edara iberýär hem-de bu hakda algydara hem habar berýär (Kanunyň 58-nji maddasy).

Ýerine ýetiriş resminamany gaýtarmak üçin Kanunda göz öňünde tutulan esaslaryň sanawy gutarnykly bolup, kazyýet ýerine ýetirijisiniň özüne berlen ýerine ýetiriş resminamany başga esaslarda önümçiligine kabul etmekden ýüz dönderip, gaýtarmaga hakynyň ýokdugyna kazyýetleriň (kazylaryň) ünsüni çekmeli.

3. Ýerine ýetiriş hereketleri amala aşyranda kazyýet ýerine ýetirijisiniň hereketleri ýerine ýetiriş önümçiliginiň taraplarynyň we beýleki şahslaryň bähbitlerine degýän bolsa (ýerine ýetiriş önümçiligini gozgamak, ony togtatmak, bilermen bellemek, ýerine ýetiriş namany yzyna gaýtarmak we ş.m.) kazyýet ýerine ýetirijisi, ýerine ýetiriş önümçiligine goşulýan degişli karary çykarmalydyr (Kanunyň 17-nji maddasynyň 1-nji bölegi), Kanunda göz öňünde tutulan halatlarda bolsa, onuň karary kazy tarapyndan tassyklanylan bolmagy hökmanydyr (meselem, emlägi gozgamasyz etmek hakyndaky, ýerine ýetiriş resminamany algydara gaýtarmak hakyndaky, dynç alyş, işlenilmeýän baýramçylyk we hatyra günlerinde, şeýle hem gijeki wagtda (ýagny, gije sagat 22:00-dan 06:00 çenli aralykda) ýerine ýetiriş hereketleri amala aşyrmak hakyndaky, kazyýet ýerine ýetirijisiniň ýanyna gelmekden boýun gaçyrýan adamlary mejbury getirmeklige sezewar etmek hakyndaky kazyýet ýerine ýetirijisiniň kararlary kazy tarapyndan tassyklanmalydyr (Kanunyň degişlilikde 75-nji, 60-njy, 63-nji we 40-njy maddalary).

4. Ýerine ýetiriş namalarynyň kazyýet kararlarynyň esasynda berlip, diňe olaryň esasynda ýerine ýetiriş önümçiliginiň gozgalýandygyny, emma käbir kazyýet kararlarynyň, şeýle hem degişli edaralaryň ýa-da wezipeli adamlaryň namalarynyň şol bir wagtda ýerine ýetiriş resminamasy bolup duryandygy sebäpli, aýratyn ýerine ýetiriş resminama ýazylmazdan kazyýet çözgütlerini ýerine ýetirmek üçin bellenen tertipde ýerine ýetirilýändigini (mysal üçin, kazyýet buýrugy kakynda kesgitnama, aliment töletmek hakynda notarial tertipde tassyklanylan şertnama, administratiw hukuk bozulmalary barada işlere seretmäge ygtyýarly edaranyň we wezipeli adamyň kararlary we ş.m.) kazyýetlere (kazylara) düşündirmeli.

Kazyýet (kazy) tarapyndan tassyklanylan degişli barlyşyk ylalaşyklarynyň meýletin ýerine ýetirilmedik halatynda hem, olaryň, geleşigiň taraplarynyň haýyşy boýunça kazyýetiň beren ýerine ýetiriş namasynyň esasynda mejbury tertipde ýerine ýetirilýändigine kazyýetleriň (kazylaryň) ünsüni çekmeli.

5. Kazyýetler tarapyndan berilýän ýerine ýetiriş resminamalarynyň görnüşlerine we olaryň mazmunyna bildirilýän talaplar Kanunynyň 6-njy we 7-nji maddalarynda görkezilendir. Ýerine ýetiriş resminamasy hökmany ýagdaýda, kazy we kazynyň kömekçisi (kanselýariýa müdiri ýa-da kazyýetiň kätibi) tarapyndan gol çekilip, kazyýetiň döwlet tugraly möhüri bilen tassyklanylan bolmalydyr, onuň şol bir wagtda kazyýet işlerinden geçýän maddy subutnamalaryň, maddy

gymmatlyklaryň we pul serişdeleriniň saklanyşynyň we ýerlenişiniň (tabşyrylyşynyň) hereketini görkezýän, döwlet hasabat maglumaty resminamasy bolup duŕandygy sebäpli, oňa ýerine ýetirilendigi barada bellik edilende hem, ýerine ýetiren edaranyň ýolbaşçylygynyň we degişli jogapkär işgäriniň gollary hem-de şol edaranyň döwlet tugraly möhüri bilen tassyklanylan bolmalydygyna kazyýetleriň (kazylaryň) ünsüni çekmeli.

6. Kazyýet ýerine ýetirijisi öz başlangyjy ýa-da ýerine ýetiriş önümçiligine gatnaşýanlaryň arzasy boýunça, öz çykaran kararynda goýberen hasap ýa-da beýleki nätakyklyklary goşmaça karar kabul etmek bilen kanuna laýyklykda kada getirip biler, emma onuň öz kararyny sökmäge ýa-da üýtgetmäge ygtyýary ýokdur. Kazyýet ýerine ýetirijisiniň hereketlerine (hereketsizligine) we kararlaryna şikaýat ýa-da teklipnama getirmegiň düzgünleri Kanunyň 16-njy we 18-nji maddalarynda, olaryň kazyýet mežlisinde seredilmegi bolsa, Türkmenistanyň iş ýörediş kanunçylygynda kesgitlenendir.

7. Kazyýet ýerine ýetirijisiniň hereketsizligi kanunda bellenen tertipde esas bolan ýagdaýynda bikanun diýlip bilner. Mysal üçin, haçanda onuň ýerine ýetiriş önümçiliginde kanunda bellenen möhletde ýerine ýetiriş namanyň talaplaryny ýerine ýetirmek üçin zerur bolan ýerine ýetiriş hereketleri etmeklige we mejbury ýerine ýetiriş çäreleri ulanmaklyga mümkinçiligi bolup, olary etmän, ýerine ýetiriş önümçiliginiň taraplarynyň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini bozan bolsa bergidaryň pul serişdesiniň ýokdugyny anyklap, bergä gönükdirmek üçin onuň beýleki emläkleriniň bardygyny ýüze çykarmak maksady bilen zerur bolan ähli ýerine ýetiriş hereketleri amala aşyrmadyk ýagdaýynda (bergidaryň emläk ýagdaýyny anyklamak üçin zerur çäreleri ýagny, emläk ýazgysy geçirilmedik bolsa ýa-da salgyt gullugyna, notarial edara, polisiýanyň ýol gözegçiligi gullugyna, gozgalmaýan emlägi hasaba alýan edara degişli sorag hatlary ugradyp, bergidaryň emläk ýagdaýyny barlamadyk bolsa).

8. Kanunyň 30-njy maddasynyň 3-nji bölegine we 44-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, ýerine ýetiriş önümçiliginde talaby meýletin ýerine ýetirmek üçin bergidara bäş gün möhlet berilýär we bu barada oňa ýazmaça duýdurylýar, emma muňa haýal etmän ýerine ýetirilmäge degişli resminamalar girmeýär. Eger-de ýerine ýetiriş resminamalary haýal etmän ýerine ýetirilmäge degişli bolsa, kazyýet ýerine ýetirijisi haýal etmän meýletin ýerine ýetirmek hakynda bergidara ýazmaça görnüşde teklibini berýär. Meýletin ýerine ýetirmek üçin berilýän möhlete dynç alyş günleri girmeýär.

Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 250-nji maddasyna laýyklykda, kazyýetiň şu aşakdaky çözgütleri haýal etmän ýerine ýetirilmäge degişlidir:

1. alimentleri tutup almak hakynda;

2. işgäre iş hakyny töletmek hakynda, ýöne bir aýyňkydan köp bolmaly däldir;

3. işe dikeltmek hakynda;

4. şikes ýetirilmegi ýa-da saglyga başga zeper ýetirilmegi, şeýle hem ekleýjisiniň ýitirilmegi sebäpli ýetirilen zeleliň öwezini dolmak hakynda, ýöne bir aýyňkydan köp bolmaly däldir.

Bulardan başga-da, kazyýetiň, Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 251-nji maddasynda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda, hak isleýjiniň haýyşy boýunça çözgüdiniň haýal etmän ýerine ýetirilmegine ýol berip bilýändigine hem üns bermelidir.

9. Talaby meýletin ýerine ýetirmek baradaky möhlet kazyýet ýerine ýetirijisiniň garamagyna görä üýtgedilip bilinmez we şol möhlet geçýänçä mejbury ýerine ýetiriş çärelerine girişilmegine ýol berilmeýär (muňa bergidaryň ýerine ýetiriş resminamanyň talaplaryny şol möhlet geçmänkä meýletin ýerine ýetirmek islemegi girmeýär). Şonuň bilen birlikde kazyýet ýerine ýetirijisi, Kanunyň 44-nji maddasynyň 3-nji böleginde göz öňünde tutulan halatlarda, zerur bolan käbir ýerine ýetiriş hereketleri amala aşyrmaga haklydyr, mysal üçin, kazy tarapyndan tassyklanan karary bilen bergidaryň emlägini gozgamasyz etmek we emläge ygtyýarlyk etmäge gadaganlyk girizmek meseläni çözüp biler.

Kazyýet ýerine ýetirijisi, ýerine ýetiriş önümçiligi gozgamak hakyndaky karary kabul edende, algydaryň haýyşy bolaýanda-da, bergidara resminamany meýletin ýerine ýetirmek teklibini bermezden ýa-da kanunda göz öňünde tutulan, şol berlen meýletin ýerine ýetirmek möhleti geçirmezden, bergidaryň özi barada ýerine ýetiriş önümçiliginiň gozgalandygyndan habarly bolup, ony meýletin ýerine ýetirmekden boýun gaçyrjakdygy barada maglumatyň ýok mahalynda, şol kararynda bergidar barada Türkmenistandan çykmagy üçin wagtlaýyn çäklendirme girizmek baradaky teklip bilen kazyýete (kaza) ýüz tutmak hakynda netijä gelip bilmez.

10. Fiziki şahslar hut özleri ýa-da öz wekilleriniň üsti bilen ýerine ýetiriş önümçiligine gatnaşýarlar. Eger-de bergidaryň üstüne ýerine ýetiriş resminamasy boýunça onuň diňe hut özüniň ýerine ýetirip biljek borçlary ýüklenen bolsa, onda wekiliň üsti bilen hereket etmäge bergidaryň hukugy ýokdur. Ýerine ýetiriş önümçiliginde guramalaryň gatnaşmagy olaryň edaralarynyň üsti bilen amala aşyrylýar, olar Türkmenistanyň kanunçylygy, şeýle hem esaslandyryjy resminamalary bilen özlerine berlen ygtyýarlyklaryň çäklerinde öz wekilleriniň üsti bilen hereket edýärler.

Ýerine ýetiriş önümçiliginiň taraplarynyň wekili, olaryň adyndan ýerine ýetiriş önümçiligi bilen baglanyşykly ähli hereketleri amala aşyrmaga haklydyr, ýöne wekile berlen ynanç hatynda, oňa, ýerine ýetiriş resminamany bermek we yzyna almak ýa-da ygtyýarlyklaryny başga şahsa bermek (başga birine ynanmak) ýa-da kazyýet ýerine ýetirijisiniň hereketlerine şikaýat etmek ýa-da berlen emlägi (pul serişdesini) almak hem-de barlyşyk ylalaşygyny baglaşmak hereketlerini amala aşyrmaklyga ygtyýarlyklaryň berilýändigi ýörite görkezilmedik bolsa, wekiliň ýerine ýetiriş önümçiliginiň taraplarynyň adyndan ol hereketleri amala aşyrmaklyga hukugynyň bolmaýandygyna kazyýetleriň (kazylaryň) ünsüni çekmeli (Kanunyň 34-nji maddasynyň 5-nji bölegi).

Kämillik ýaşyna ýetmedik şahslaryň, şeýle hem kazyýet tarapyndan kämillik ukyby ýok ýa-da kämillik ukyby çäklendirilen diýip hasap edilen şahslaryň hukuklaryny we kanun tarapyndan goralýan bähbitlerini ýerine ýetiriş önümçiliginde kanuny wekiller - ata-eneler, perzentlige alanlar, hossarlar ýa-da howandarlar, şeýle hem kanun tarapyndan hukuk berlen beýleki adamlar goraýarlar,

bular özleriniň ygtyýarlyklaryny tassyklaýan resminamalary getirip kazyýet ýerine ýetirijisine görkezmelidirler. Kanuny wekiller wekilçilik edilýänleriniň adyndan ähli hereketleri amala aşyrýarlar, olary amala aşyrmaga bolan hukuk kanunda göz öňünde tutulan çäklendirmeler bilen wekilçiligi edilýänlere degişlidir.

11. Kanunyň 33-nji maddasyna laýyklykda, ýerine ýetiriş önümçiliginde oruntutarlyk düzgünleri ýerine ýetiriş önümçiliginiň taraplaryna degişli bolup, zerurlyk ýüze çykan halatynda (raýatyň aradan çykmagy, ýuridik şahsyň aýdyňlygyny guralmagy, talabyň başga birine berilmegi, berginiň başga birine geçirilmegi) kazyýet ýerine ýetirijisi bergidary ýa-da algydary onuň hukuk oruntutaryna çalyşmak hakynda kesgitnama çykarmak baradaky teklip bilen çözgüdi çykaran kazyýete teklipnama bermelidir.

Fiziki şahsyň familiýasynyň çalşylmagy, ýuridik şahsyň hukuk-guramaçylyk görnüşiniň üýtgemegi bilen bagly bolmadyk adynyň üýtgemegi kazyýet tarapyndan ýerine ýetiriş önümçiliginde hukuk oruntutarlyk meselesiniň çözülmegini talap etmeýär, sebäbi şeýle bolmagy taraplaryň jedelli ýa-da kazyýet tarapyndan anyklanan hukuk gatnaşygyndan çykyp gitmegini aňlatmaýar.

Ýerine ýetiriş önümçiliginiň dowamynda algydaryň ýa-da bergidaryň adynyň (atlandyrylyşynyň) üýtgän ýagdaýynda, kazyýet ýerine ýetirijisi bu barada ýörite kararynda görkezýär, şeýle-de zerur bolan halatynda özüniň öňki kabul eden kararlaryna hem degişli takyklamalary girizip biler.

Ýerine ýetiriş önümçiliginde hukuk oruntutarlyk meselesine, Kanunynyň 33-nji maddasyna laýyklykda, kazyýet ýerine ýetirijisiniň teklibi esasynda çözgüdi çykaran kazyýet tarapyndan Türkmenistanyň Raýat iş ýöredişi kodeksiniň düzgünlerinden ugur alnyp seredilýär. Şunda hukuk oruntutarlyk meselesi boýunça, kazyýet ýerine ýetirijisinden başga-da, ýerine ýetiriş önümçiliginiň taraplary we özüni ýerine ýetiriş önümçiliginden çykyp giden taraplaryň hukuk oruntutary hasap edýän beýleki şahslar hem kazyýete ýüz tutmaga haklydyr.

Eger hukuk gatnaşygy hukuk oruntutarlyga ýol berýän bolsa, bergidar ýa-da algydar ölen ýagdaýynda, bergidar nam-nyşansyz giden diýlip ykrar edilen ýagdaýynda, ýa-da ölen diýlip yglan edilen ýagdaýynda, kazyýet ýerine ýetirijisi ýerine ýetiriş önümçiligi togtatmaga borçludyr. Hukuk oruntutaryny çalyşmak hakynda kazyýetiň kesgitnamasyny alandan soň kazyýet ýerine ýetirijisi özüniň karary bilen ýerine ýetiriş önümçiligi dikeldip, ýerine ýetiriş hereketleri amala aşyrmaklygy dowam etdirmeklige girişýär.

Hukuk oruntutar üçin onuň ýerine ýetiriş önümçiligine girşilmezinden öň amala aşyrylan ähli hereketler olaryň bergidar üçin hökmany bolandygyndaky ýaly derejede hökmanydyr.

Türkmenistanyň RK-nyň 1222-nji maddasyna laýyklykda kabul edilen miraslyk emlägine mirasdarlaryň eýeçiliginiň mirasyň ýüze çykýan gününden döreýändigine, şol Kodeksiň 1283-nji maddasynyň 1-nji böleginde görkezilenlere görä bolsa, mirasy kabul eden mirasdarlarynyň ilki bilen miras galdyryjynyň algydarlarynyň, soňra mirasdarlaryň algydarlarynyň öňünde kabul edip alan mirasynyň möçberinde jogap berýändigini kazyýetlere (kazylara) düşündirmeli.

12. Kanunyň 51-nji maddasynda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda kazyýet ýerine ýetirijisi ýerine ýetiriş önümçiligini togtatmaga borçludyr. Ýerine ýetiriş

önümçiligi togtadylanda mejbury ýerine ýetiriş çäreleriniň ulanylmagyna ýol berilmeýär, emma muňa Kanunyň 44-nji maddasynyň 3-nji böleginde göz öňünde tutulan ýagdaýlar girmeýär. Zerur halatlarda, eger-de bergidar bar bolan emlägi gizlemek üçin synanşyk eder diýip çaklamaga esas bolanda, kazyýet ýerine ýetirijisi bergidaryň emlägini gozgamasyz etmek we oňa ygtyýarlyk etmäge gadaganlyk girizmek baradaky meseläni bellenen tertipde çözüp biler.

13. Kanunyň 27-nji maddasynda ýerine ýetiriş namalary ýerine ýetirmek üçin bermegiň möhletleri, şol sanda kazyýet çözgütleri esasynda berilýän ýerine ýetiriş namalarynyň ýerine ýetirmek üçin üç ýylyň dowamynda berlip bilinýändigi görkezilendir. Ol möhletleri geçiren algydar, möhleti dikeltmek baradaky arza bilen çözgüdi çykaran kazyýete ýa-da ýerine ýetirilmeli ýerindäki kazyýete ýüz tutmaga haklydyr we möhletiň geçirilmeginiň sebäbi kazyýet tarapyndan esasly diýlip ykrar edilen halatynda, geçirilen möhlet dikeldilip bilner.

Kazyýetleriň çözgütleri esasynda berilýän ýerine ýetiriş resminamalaryny ýerine ýetirmek üçin bermekligiň möhleti kazyýet çözgüdiniň kanuny güýje giren güninden ýa-da ony ýerine ýetirmekligi gaýra goýmak ýa-da böleklere bölmek möhletiniň geçen güninden, eger-de ýerine ýetiriş resminamany bermek üçin geçirilen möhleti dikeltmek hakynda kazyýetiň kesgitnamasy çykarylan bolsa, onda onuň kabul edilen gününden, haýal etmän ýerine ýetirilmäge degişli ýerine ýetiriş resminamanyň bolsa-kazyýetiň (kazynyň) degişli kararynyň çykarylan gününiň ertesi gününden başlap hasaplanyp, geçip başlaýandygyna kazyýetleriň (kazylaryň) ünsüni çekmeli.

Kazyýetiň çözgüdine düşündiriş bermek ýa-da çözgütde ýol berilen arifmetiki ýalňyşlygy ýa-da nätakyklygy düzetmek ýa-da çözgüdi ýerine ýetirmegiň usulyny üýtgetmek baradaky meseläniň kazyýetde seredilip, kesgitnamanyň çykarylmagy, ýerine ýetiriş resminamany ýerine ýetirmek üçin bermäge geçirilen möhleti dikeltmeklige esas bolup bilmeýär, çünki kada getirmek üçin goşmaça çykarylan kesgitnama kazyýetiň çözgüdini düýp manysy boýunça üýtgetmeýär we kazyýetiň çözgüdi esasynda berilen ýerine ýetiriş resminamany ýerine ýetirmeklige gönükdirilen bolup, kesgitnamanyň bolmazlygy, kanuny güýje giren kazyýetiň çözgüdi esasynda ýazylan ýerine ýetiriş resminamany öz wagtynda ýerine ýetirmeklige bermeklige päsgelçilik döretmeýär.

14. Kanunyň 54-nji maddasyna laýyklykda, bergidaryň bolýan ýeri näbelli bolan halatynda kazyýet ýerine ýetirijisi içeri işler edaralarynyň üsti bilen bergidary gözlemegi yglan etmek hakyndaky teklipnama bilen kazyýete (kaza) ýüz tutmaga borçludyr we bergidary gözlemek işiniň diňe kazyýetiň (kazynyň) kesgitnamasy boýunça amala aşyrylýandygyna üns bermelidir.

Bergidar barada gözleg yglan etmek kesgitnamasy, esasan aliment töletmek, çaga almak, adamyň janyna we saglygyna zelel ýetirmek, ekleýjisini ýitirmek, döwlete zyýan ýetirmek bilen bagly ýerine ýetiriş önümçilikleri boýunça çykarylýar.

Şeýle kesgitnamanyň döwlet edaralarynyň, guramalarynyň we olaryň birleşikleriniň we jemgyýetçilik guramalarynyň bähbidi üçin raýatlardan töledilýän tölegler bilen bagly ýerine ýetiriş önümçilikleri boýunça hem kabul edilip

bilinýändigini kazyýetlere (kazylara) düşündirmeli (Gollanmanyň 111-113-nji bentleri bentleri).

15. Jemagat söwdasy geçirilip gozgalmaýan emläkler satylanda, oňa gatnaşyjylar we beýleki gyzyklanýan şahslar ol söwdany hakyky däl diýip hasap etmek baradaky hak isleýiş arza bilen Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde kazyýete ýüz tutmaga haklydyrlar. Söwdany hakyky däl diýip hasap etmek üçin Kanunyň 92-nji maddasynda göz öňünde tutulan esaslaryň sanawy gutarnykly däldir, söwdany hakyky däl diýip hasap etmek meselesi çözülende kazyýet tarapyndan, Türkmenistanyň Raýat kodeksinde göz öňünde tutulan, dawaly geleşiklere degişli esaslar we netijelerden ugur alyp, ulanylyp bilner.

Şunda beýleki gyzyklanýan şahslar diýip, jemagat söwdasyna gatnaşyjylara, jemagat söwdasyny geçirmegiň düzgünleriniň bozulandygy sebäpli özüni jemagat söwdasynyň geçirilmegine gatnaşyp bilmedik hasap edýän şahslara we jemagat söwdasy geçirilende öz kanuny bähbidi bozulan hasap edýän beýleki fiziki we ýuridik şahslara düşünilmelidir.

16. Kanunynyň 45-nji maddasynyň 2-nji böleginde sanalyp geçilýän mejbury ýerine ýetiriş çäreleriniň sanawy gutarnykly däldir we kazyýet ýerine ýetirijisi, ýerine ýetirişnamany doly we dogry ýerine ýetirmek üçin zerur bolan beýleki kanuny hereketleri hem amala aşyryp biler. Mysal üçin, kazyýet ýerine ýetirijisi kazy tarapyndan tassyklanylan karary bilen bergidara degişli emläk barada, oňa ygtyýarlyk etmeklige gadaganlyk girizip biler.

Emläge ygtyýarlyk etmeklige gadaganlyk girizmeklik ýerine ýetiriş resminamanyň ýerine ýetirilmeginiň üpjün edilmegine we geljekde emlägiň bergidar tarapyndan gizlenmeginiň, gizlenen halatynda bolsa onuň üçünji şahslara ýerlenilmeginiň öňüniň alynmagyna gönükdirlen bolmalydyr. Mysal üçin, kazyýet ýerine ýetirijisinde bergidaryň dolandyrýan emläginiň bardygy barada anyk maglumat bolup, ony ýüze çykarmak hem-de ýazgy etmek mümkin bolmasa, ýa-da bergidar özüne degişli awtoulagynyň niredедigini aýtman, bergisine gönükdirilmeginden gizleýän bolsa, kazyýet ýerine ýetirijisi, bergidaryň emläginе-awtoulagyna gözleg yglan etmek we ony gozgamasyz edip, ygtyýarlyk edilmegine gadaganlyk girizmek hem-de ony saklamak hakynda kesgitnama çykarmak barada kazyýete (kaza) teklip bilen çykmalydyr. Kazyýetiň (kazynyň), bu teklibi kanagatlandyrmak baradaky kesgitnamasy degişli içeri işler edarasyna we beýleki döwlet gulluklaryna (notarial edarasyna we ş.m.) ýerine ýetirilmegi üçin öz wagtynda iberilmelidir.

Emlägi gozgamasyz etmekliğiň ýa-da oňa ygtyýarlyk etmeklige gadaganlygyň girizilmegi, ýerine ýetirilişi üpjün etmekliğiň çäresi hökmünde bergidara degişli, Kanunyň 124-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 1-nji bendinde sanalyp geçilýän emläk (bergidaryň we onuň maşgalasynyň hemişelik ýaşaýan ýeke-täk ýaşaýyş jaýy, öýi ýa-da onuň aýry-aýry bölekleri) barada hem ulanylyp biliner. Meselem, üpjün ediş çäresi hökmünde bergidara doly ýa-da belli bir bölegi degişli bolan ýaşaýyş jaýynyň gozgamasyz edilmegi we ygtyýarlyk edilmegine gadaganlygyň girizilmegi, şol sanda ol ýere beýleki adamlaryň girizilmegine we hasaba alynmagyna gadaganlygyň girizilmegi, eger ol çäreler kazyýet tarapyndan, bergidaryň ol emläklere ygtyýarlyk edip, algydaryň bähbidine zyýan ýetirmeginiň

öňüni almak maksady bilen görülen bolsa kanuna ters gelmeýär. Şunuň ýaly ýagdaý-da ýaşaýyş jaýyna ygtyýar edilmegine degişli gadaganlygyň girizilmegi, bergidara we onuň maşgala agzalaryna ol ýaşaýyş jaýynda ýaşamaga gadaganlygyň girizilmegini aňlatmaýar.

Eger emläk umumy eýeçilige degişli dolup, onda bergidardan başga-da beýleki adamlaryň paýy bolan halatynda hem, bergidaryň ol emläkdäki paýy kesgitlenip, emläk bölünişigi geçirilýänçä ol emläk barada gozgamasyz etmekligiň we oňa ygtyýarlyk etmeklige gadaganlygyň girizilmeginiň ulanylyp bilinýändigine kazyýetleriň (kazylaryň) ünsüni çekmeli.

17. Kanunyň 46-njy maddasyna laýyklykda, ýerine ýetiriş resminamadaky talaplar esassyz sebäplere görä bergidar tarapyndan bellenilen möhletde ýerine ýetirilmese, kazyýet ýerine ýetirijisi döwlete ýetirilen zyýan bilen bagly ýerine ýetiriş resminamasy boýunça öz başlangyjy bilen, gaýry halatlarda algydaryň arzasy boýunça bergidaryň Türkmenistandan çykmagy üçin wagtlaýyn çäklendirme girizmek hakynda kazyýete teklip bilen ýüz tutýar. Kazyýet teklibiň serediljek ýeri we wagty barada ýerine ýetiriş önümçiliginiň taraplaryna habar berýär, ýöne olaryň mejlise gelmezligi teklibiň seredilmegi üçin päsgelçilik bolup bilmeýär. Teklibe raýat iş ýörediş kanunçylygynda bellenen kadalara laýyklykda kazyýet mejlisinde seredilýär we bu mesele boýunça kazyýet (kazy) kesgitnama çykarýar. Kazyýetiň (kazynyň) kesgitnamasyna taraplar tarapyndan hususy şikaýat ýa-da hususy teklipnama getirlip bilner.

Bergidarlar barada Türkmenistandan çykmagy üçin wagtlaýyn çäklendirme girizmek meselesi, olaryň hukuk ýagdaýyna garamazdan (fiziki şahs, hususy telekeçi, wezipeli adam), ýerine ýetiriş resminamany beren kazyýet ýa-da ýerine ýetirilişiň amala aşyrylýan ýerindäki kazyýet tarapyndan çözülýär.

Kanunyň 46-njy maddasyna laýyklykda, Türkmenistandan çykmagy üçin wagtlaýyn çäklendirme diňe ýerine ýetiriş önümçiliginde bergidar bolup geçýän raýatlar barasynda ulanylyp bilner.

Türkmenistandan çykmagy üçin wagtlaýyn çäklendirmäniň bergidar edaranyň işgärleri, ýolbaşçysy barasynda (eger-de olaryň özleri şol önümçilikde bergidar bolup geçmeýän bolsalar), ulanylyp bilinmeýändigine kazyýetleriň (kazylaryň) ünsüni çekmeli.

Haçanda Türkmenistandan çykmagy üçin wagtlaýyn çäklendirme girizmek baradaky meselä algydaryň arzasy ýa-da kazyýet ýerine ýetirijisiniň başlangyjy bilen seredilýän bolsa, kazyýet (kazy) kesgitnamasynda wagtlaýyn çäklendirmäniň möhletini, işiň anyk ýagdaýyny we taraplaryň pikirlerini nazara alyp, görkezmelidir.

Kanunyň 59-njy we 60-njy maddalarynda göz öňünde tutulan esaslar boýunça ýerine ýetiriş önümçiligi ýöretmekligi bes etmek ýa-da ýerine ýetiriş resminamany algydara gaýtarmak meseleleri çözmezinden öň, kazyýet ýerine ýetirijisi, bergidar barada ulanylan Türkmenistandan çykmagy üçin wagtlaýyn çäklendirmäni ýatyrmak baradaky teklip bilen kazyýete ýüz tutmalydyr (haçanda öň wagtlaýyn çäklendirme belli bir möhlete ulanylyp, ol möhlet dolmadyk halatynda) we diňe bu mesele boýunça kazyýetiň degişli kesgitnamasyny alandan soň, öz karary bilen ýerine ýetiriş önümçiligini tamamlanan diýip hasap etmek ýa-da hasap etmezlik baradaky meseläni çözmelidir.

18. Kanunyň 60-njy maddasyna laýyklykda, tölegi öndürilip alynmadyk ýa-da bölekleýin alnan ýerine ýetiriş resminamasyny algydara gaýtarmak baradaky mesele çözülende onuň şol madda-da göz öňünde tutulan haýsy esasda gaýtarylýandygyna garamazdan, kazyýet ýerine ýetirijisi bu barada çykaran kararyny kaza tassyklatmalydyr.

Kanunyň 59-njy maddasynyň 1-nji böleginiň 1-nji we 3-6-njy bentlerinde bellenen esaslarda ýerine ýetiriş önümçiligini ýöretmekligi bes etmek hakynda kabul edilen kazyýet ýerine ýetirijisiniň kararynyň kazy tarapyndan tassyklanan bolmagy kanunda göz öňünde tutulan däldir.

Kanunyň şol maddasynyň 1-nji böleginiň 1-nji we 2-nji bentlerine laýyklykda, ýagny algydar tölegi töledip almakdan ýüz dönderen hem-de algydar we bergidar barlyşyk ylalaşygyny baglaşan bolsa, onda bu mesele çözülende Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan kadalar berjaý edilmelidir, ýagny kazyýet ýerine ýetirijisi taraplaryň arzalaryny alanda olara algydaryň tölegi tutup almakdan ýüz döndermeginiň kabul edilmeginiň hem-de kazyýet tarapyndan barlyşyk ylalaşygynyň tassyklanmagynyň netijelerini düşündirmelidir we olardan bu barasynda degişli dil hatyny almalydyr ýa-da olaryň ýazan arzalarynda kanunyň bu talabynyň düşündirilendigi barasynda görkezilen bolmalydyr. Haçanda, barlyşyk ylalaşygyny baglaşanlarynda taraplar gelen öz-ara ylalaşygyny borçnamalar bilen şertlendirýän bolsalar, kazyýet ýerine ýetirijisi bu meseläni çözmek üçin degişli teklip bilen kazyýete (kaza) ýüz tutmalydyr, sebäbi Kanunyň 59-njy maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, taraplaryň borçnamalara esaslanýan barlyşyk ylalaşyklaryny tassyklamak baradaky meselä Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 199-njy maddasynyň düzgünleri berjaý edilip, kazyýet (kazy) tarapyndan seredilmäge degişlidir. Algydar we bergidar bu mesele boýunça kazyýete arza bilen gös-göni ýüz tutmaga hem haklydyr. Teklipnamany ýa-da arzany kanagatlandyrmak hakyndaky kazyýetiň (kazynyň) kesgitnamasynda, taraplaryň barlyşyk ylalaşygynyň kazyýet (kazy) tarapyndan tassyklanylýan şertleri düşnükli görkezilmelidir. Kazyýetiň (kazynyň) kesgitnamasyna hususy şikaýat we hususy teklipnama getirilip bilner.

19. Kanunyň 49-njy maddasyna laýyklykda, kazyýet ýerine ýetirijisi özüniň üstüne ýüklenen wezipeleri döwlet edaralary, karz edaralary we beýleki guramalar bilen bilelikde ýerine ýetirmäge haklydyr. Şol edaralar we guramalar kazyýet ýerine ýetirijilerine kazyýet namalarynyň we beýleki edaralaryň namalarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmekde ýardam etmäge borçludyrlar.

Kazyýet ýerine ýetirijileriniň öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde bildirýän talaplary Türkmenistanyň çägindäki fiziki we ýuridik şahslar tarapyndan ýerine ýetirilmegi hökmanydyr. Kazyýet ýerine ýetirijisiniň talaplarynyň ýerine ýetirilmezligi, şeýle hem onuň ygtyýarlyklarynyň amala aşyrylmagyna päsgelçiligiň döredilmegi Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan jogapkärçilige eltýär (Kanunyň 19-njy maddasy).

Şunuň bilen baglylykda, eger-de ýerine ýetiriş önümçiliginiň dowamynda taraplar ýa-da beýleki şahslar tarapyndan ýerine ýetiriş resminamalarynyň talaplary bilkastlaýyn ýerine ýetirilmedik halatynda ýa-da onuň ýerine ýetirilmegine päsgelçilik döredilip, kazyýet ýerine ýetirijisine garşylyk görkezilen ýagdaýynda,

ýerine ýetiriş hereketleriniň, Kanunyň 49-njy maddasynda göz öňünde tutulyşy ýaly, degişli döwlet edaralarynyň we guramalarynyň wekilleriniň gatnaşmaklarynda alnyp barylmagynyň maksada laýykdygyna kazyýetleriň (kazylaryň) ünsüni çekmeli.

Mysal üçin, kazyýet ýerine ýetirijisi bergidaryň ýaşaýan salgysyna emläk ýazgysyny etmek üçin baranda, soňky onuň kanuny talabyna boýun bolman, garşylyk görkezip, ony desganyň içine goýbermän, päsgelçilik döredýän bolsa, onda bu ýerine ýetiriş hereketi geçirilende, mejbury amala aşyrmaly işleriň aýratynlyklaryny nazara almak bilen güwälerden başga-da içeri işler edarasynyň we ýaşaýyş jaý ulanyş edarasynyň wekilleriniň we beýleki guramalaryň gatnaşmagy üpjün edilip bilner.

Ýerine ýetiriş önümçiliginiň dowamynda oňa gatnaşyjylar tarapyndan hukuk bozulmalara ýol berilen halatynda, kazyýet ýerine ýetirijisiniň olara jogapkärçilik barada dilden duýduryş bermäge, bu barasynda bellenen tertipde degişli ykrarnama düzmäge, şol sanda Kanunyň 13-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 2-nji bendinde göz öňünde tutulan, öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde administratiw hukuk bozulmalary hakynda teswirnama düzmäge, wideoýazgylary etmäge, şeýle-de düzgün bozujylary degişli jogapkärçilige çekmek meselesini çözmek barada kazyýetiň başlygyna, kaza dykgatnama bilen ýüz tutmaga hukugy bolup, her bir ýerine ýetiriş resminamanyň doly ýerine ýetirilmegini üpjün etmek hem-de hukuk bozulmalaryň öňüni almak maksady bilen, olar tarapyndan bu ygtyýarlyklarynyň öz wagtynda we kanunda bellenen tertipde amala aşyrylmalydygyna hem kazyýetleriň (kazylaryň) ünsüni çekmeli.

20. Kanunyň 71-nji maddasyna laýyklykda, emlägi muzdsuz almak barada kazyýetiň hökümi ýerine ýetirilende bergidaryň emlägini ýerlemek iş kesileniň emlägini deslapky derňew edaralarynyň ýa-da kazyýetiň gozgamasyz etmeginden öň ýüze çykan we bergidara bildirilen ähli talaplar kanagatlandyrylandan soň amala aşyrylýar.

Aliment töletmek baradaky talaplar we işgäriň maýyplygy, hünär keseli ýa-da onuň zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen baglylykda alnan maýyplygy bilen ýitirilen, şonuň ýaly-da ekleýjisiniň aradan çykmagy bilen baglanyşykly zeleliň öweziniň dolunmagy bilen bagly degişli talaplar iş kesileniň emlägi gozgamasyz edilenden soň ýüze çykan halatynda hem kanagatlandyrylýar.

Şoňa görä-de, eger-de kazyýetiň hökümi bilen emlägi muzdsuz almak bilen bir hatarda iş kesilen bergidara, jenaýat netijesinde ýetirilen zyýany ýa-da başga bergilerini töletmek borjy ýüklenen bolsa, hökümiň ýetirilen zyýany ýa-da başga bergileri töletmek baradaky bölegi ýerine ýetirilende, muzdsuz alynmaly edilen emläkler, ýokarda agzalan Kanunyň talabyndan ugur alnyp, ilki bilen zyýanyň dolunmagy bilen bagly degişli talaplar kanagatlandyrylmaga gönükdirilmelidir. Şunda, kazyýetiň höküminde muzdsuz alynmaly edilen emlägiň ýetirilen zyýana gönükdirilmelidigi barada görkezilen bolmagy talap edilmeýär, sebäbi hökümiň bu böleginiň ýerine ýetiriliş nobatlylygy kanun bilen kesgitlenendir.

21. Emläk bilen bagly ýerine ýetiriş önümçilikleri boýunça kazyýet ýerine ýetirijileri tarapyndan mejbury ýerine ýetirmek hereketleri geçirilende Kanunyň 116-njy maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda, kazyýet ýerine ýetirijileri

tarapyndan görülen mejbury çäreleriň netijesinde töletdirilen puluň ýa-da algydara algysynyň hasabyna berlen emlägiň bahasynyň 5 (bäş) göterimi möçberinde bergidaryň hasabyndan kazyýet ýerine ýetirijisine sylag tölegi töletdirilýär.

Eger bergidardan galan bergisini töletmäge ýeterlik emläginiň bardygyny tassyklaýan we şol emläkleriň hem bergisiniň öwezini dolmaga gönükdirmek barada işler geçirilýän bolsa, ýa-da bergidardan galan bergisini töletmäge göze görnüp duran ýeterlik girdeji çeşmesi, ýa-da şoňa laýyk gymmaty bolan emlägi bar bolsa, onda ýerine ýetiriş önümçiligi boýunça tölegler bölekleýin töletdirilen ýagdaýynda hem töletdirilen puluň ýa-da algydara algysynyň hasabyna berlen emlägiň bahasynyň 5 (bäş) göterimi möçberinde töletdirilen puldan başga bergidaryň hasabyndan goşmaça öndürip alyp, kazyýet ýerine ýetirijisine sylag tölegi töletdirilip bilner.

22. Ýerine ýetiriş resminamalary boýunça bäş senenama gününiň dowamynda meýletin ýerine ýetirmek üçin bergidara berilýän möhlet geçenden soň şol resminamalar mejbury ýerine ýetirilýär, şonda bergidardan algydaryň haýryna tutulyp alnan ýa-da töledilen puluň 5 (bäş) göterimi möçberinde şol bergidaryň hasabyndan kazyýet ýerine ýetirijisine sylag tölegi töletdirilýär.

23. Kanunyň 45-nji maddasynyň 2-nji böleginiň 1-nji bendine laýyklykda, emlägi gozgamasyz etmek we ýerlemek arkaly tölegi bergidaryň emläginden tutup almak bilen bagly mejbury ýerine ýetiriş çäresi geçirilende, 5 (bäş) göterim möçberinde sylag tölegini almak üçin diňe ýerlemek arkaly tölegi bergidaryň emläginden tutup almaklygyň bir özi ýeterlik bolup bilmeýändigine, munuň üçin kazyýet ýerine ýetirijisi emlägi bergidara degişlidigini anyklap, emlägi gozgamasyz hem eden bolmalydygyna üns bermelidir.

24. Tölegi bergidaryň zähmet hakyndan, pensiýasyndan, talyp hakyndan we girdejileriniň beýleki çeşmelerinden tutup alnanda, şeýle tutumlar bergidaryň agzalan çeşmelerinden tutumlaryň tutulmagyna göz-görtele garşy bolan ýagdaýynda (mysal üçin girdeji çeşmelerinden tutumyň alynmagyna ýazmaça arza bermekden ýüz dönderen we ş.m. halatlarda), Kanunyň 45-nji maddasynyň 2-nji böleginiň 2-nji bendi esasynda geçirilen bu mejbury ýerine ýetiriş çäreleriň netijesinde 5 (bäş) göterimi möçberinde bergidaryň hasabyndan kazyýet ýerine ýetirijisine sylag tölegi töletdirilip bilner.

25. Tölegi bergidaryň beýleki fiziki we ýuridik şahslarda bolan pul serişdelerinden we emläginden, şol sanda debitor bergisinden tutup almak barada Kanunyň 45-nji maddasynyň 2-nji böleginiň 3-nji bendinde görkezilen ýagdaýlar babatda bergidaryň meýletin beýan eden halatlarynda mejbury ýerine ýetiriş hereketleri hökmünde kabul edilip bilinmejekdigi we munuň netijesinde 5 (bäş) göterimi möçberinde sylag tölegiň töletmeklige degişli bolup durmaýandygyny kazyýetlere düşündirmeli.

26. Kazyýet çözgüdinde görkezilen belli bir emläkleri bergidardan algydaryň haýryna alyp bermek bilen bagly ýerine ýetiriş önümçilikleri boýunça amala aşyrylan mejbury hereketlerden soň, bergidardan algydaryň haýryna görkezilen emläkler ýa-da şol emläkleriň bahasy alnyp berlen ýagdaýynda, Kanunyň 45-nji maddasynyň 2-nji böleginiň 4-nji bendine laýyklykda geçirilen mejbury ýerine ýetiriş çäre hökmünde kazyýet ýerine ýetirijisi emläkleriň bahasynyň 5 (bäş)

göterimi möçberinde bergidaryň hasabyna sylag tölegini almaga hukugy bardyr (mysal üçin är-aýalyň arasyndaky umumy ýa-da şahsy emläkleri alyp bermek, kesekiniň bikanun saklaýan emlägini almak we ş.m.).

27. Kanunyň 45-nji maddasynyň 2-nji böleginiň 5-11-nji bentlerinde göz öňünde tutulan mejbury ýerine ýetiriş hereketleriň netijesinde bergidara bergisi töletdirilen ýagdaýynda bergidaryň hasabyndan kazyýet ýerine ýetirijisine sylag tölegi töletdirilip bilner.

28. Kazyýetiň hökümleri bilen deslapky derňewde (maddy subutnama diýlip bilnen, jenaýatyň guraly, närsesi diýlip bilnen) ýazga alnyp, gozgamasyz edilen emläkleri ýetirilen zyýanyň (paranyň närsesiniň) öwezini dolmak üçin ýa-da beýleki ýagdaýlar boýunça gönükdirmeli (ýerlenmeli) edilen emläkler babatynda kazyýet ýerine ýetirijisine sylag tölegi töledilmeýär.

Eger-de, deslapky derňewde ýüze çykarylman, kazyýetiň (kazynyň) kazyýet seljerişini bellemek hakynda kesgitnamasy (karary) esasynda, degişli kazyýetiň kazyýet ýerine ýetirijisi tarapyndan anyklanylyp, ýazga alnyp, gozgamasyz edilen emläkler höküm bilen ýetirilen zyýanyň (paranyň närsesiniň) öwezini dolmak üçin ýa-da beýleki ýagdaýlar boýunça gönükdirmeli (ýerlenmeli) edilenden soň, Kanunda bellenen tertipde, şol bergidar babatynda mejbury ýerine ýetiriş hereketler geçirilip, emläkler ýerlenenden soňra bergidaryň hasabyndan kazyýet ýerine ýetirijisine 5 (bäş) göterim sylag tölegi töletdirilýär.

29. Kanunyň 116-njy maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda, mejbury ýerine ýetiriş hereketleriň netijesinde tölegiň töledilmegi bilen bagly, kazyýet ýerine ýetirijisine tutulyp alnan emlägiň ýa-da töletdirilen puluň 5 (bäş) göterimi möçberinde sylag tölegi bergidaryň hasabyndan kazyýet ýerine ýetirijisine sylag tölegi tölenýär.

Tölegiň töledilmegini amala aşyrmak üçin töleg töletdirilenden soňra, kazyýet ýerine ýetirijisi ýerine ýetiriş önümçiligi boýunça geçiren mejbury ýerine ýetiriş hereketlerini beýan edip, kazyýete dykgatnama bilen ýüz tutmalydyr. Şondan soňra dykgatnama seredýän kazy ýerine ýetiriş önümçiliginiň resminamalaryny öwrenip, kazyýet ýerine ýetirijisi tarapyndan mejbury ýerine ýetiriş hereketleriň doly we dogry geçirilendigini anyklamalydyr we bergidardan kazyýet ýerine ýetirijisiniň haýryna 5 (bäş) göterim sylag tölegini töletmek hakynda kesgitnama çykarmalydyr. Çykarylan kesgitnamada agzalan sylag möçberiniň ilki kazyýetiň depozit hasabyna töletdirilip, soňundan kazyýet ýerine ýetirijisiniň bank hasabyna geçirilmelidiginiň görkezilmelidigini, şeýle hem kesgitnamanyň nusgasynyň kazyýet ýerine ýetirijisine we bergidara gowşurylmalydygyny kazyýetlere düşündirmeli.

Eger-de kazy, dykgatnama esasynda ýerine ýetiriş önümçiligini öwrenip, kazyýet ýerine ýetirijisi tarapyndan mejbury ýerine ýetiriş hereketleriniň geçirilmändigini anyklan ýagdaýynda, onda kazyýet ýerine ýetirijisine sylag tölegi tölemekden ýüz döndermek barada kesgitnama çykarýar, agzalan kesgitnama kazyýet ýerine ýetirijisi tarapyndan nägilelik tertibinde şikaýat edilip bilner.

30. Bergidar kazyýet ýerine ýetirijisine sylag tölegini tölemekden ýüz dönderen ýagdaýynda, mejbury tertipde öndürilen tölegiň 5 (bäş) göterimini bergidaryň hasabyna sylag tölegini almak üçin kazyýet ýerine ýetirijisi kazyýete teklipnama berýär. Kazynyň bergidaryň hasabyna kazyýet ýerine ýetirijisine sylag

tölegi mejbury tertipde almak barada kesgitnamasy esasynda sylag tölegi bergidardan mejbury tertipde öndürilmäge degişlidir we Kanunyň talaplaryna laýyklykda, mejbury ýerine ýetiriş çäreleri esasynda amala aşyrylýar.

Agzalan kesgitnama boýunça täze ýerine ýetiriş önümçiligi gozgalman, sylag tölegiň alynmagyna esas bolan ýerine ýetiriş önümçiligiň çäginde alnyp barylýar. Berginiň doly tölenendigine garamazdan, bergidardan kazyýet ýerine ýetirijisiniň haýryna sylag tölegi doly töletdirilýänçä ýerine ýetiriş önümçiligi bes edilmeýär ýa-da ýerine ýetiriş resminamasy algydara gaýtarylyp berilmeýär.

31. Ýerine ýetiriş önümçiligine birnäçe bergidarlar raýdaşlyk tertibinde gatnaşanda, diňe bir bergidardan mejbury tertipde öndürilen tölegiň 5 (bäş) göterimi raýdaşlyk tertibinde ähli bergidarlardan kazyýet ýerine ýetirijisiniň haýryna töletdirilýär.

Eger-de, ýerine ýetiriş önümçilikler bergidarlaryň ýaşaýan çägi boýunça aýry-aýry etraplarda ýerine ýetirilýän bolsa, kazynyň raýdaşlyk tertibinde bergidarlaryň hasabyna kazyýet ýerine ýetirijisine sylag tölegi mejbury tertipde almak barada kesgitnamasyny ýerine ýetirmek üçin beýleki bergidarlar babatynda ýerine ýetiriş önümçiligi alnyp barylýan kazyýete iberilmelidir.

32. Kanunyň talaplaryna laýyklykda, bergidar hukuk oruntutaryna çalşyrylandan soň, ondan mejbury tertipde öndürilen tölegiň 5 (bäş) göterimi hukuk oruntutaryň hasabyna kazyýet ýerine ýetirijisiniň haýryna töletdirilýär.

33. Bergidar ýuridik şahsdan (döwlet býujetine degişlilerden başgasy) mejbury tertipde öndürilen tölegiň 5 (bäş) göterimi bergidaryň hasabyndan töletdirilýär. Eger bergidaryň hasabynda ýeterlik pul serişdeleri bolmadyk ýagdaýynda sylag tölegi ýuridik şahsyň guramaçylyk-hukuk görnüşine laýyklykda, "Kärhanalar hakynda" we "Jemgyýetçilik birleşikleri hakynda" Türkmenistanyň kanunlarynda, hem-de kazyýet ýerine ýetirijileriniň işini düzgünleşdirýän Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bellenen tertipde ýekebara kärhanasynyň esaslandyryjynyň hasabyna ýa-da beýleki emläkleriniň hasabyna töletdirilýär.

34. Bergidar fiziki ýa-da ýuridik şahsdan mejbury tertipde öndürilen tölegiň 5 (bäş) göterimi möçberinde sylag hökmünde berilmeli tölegi olaryň debitor bergisiniň hasabyna alnyp bilner. Şeýle ýagdaýda kazyýet ýerine ýetirijisi degişli resminamalar bilen debitor berginiň hasabyndan sylag tölegi almak barada kazyýete teklipnama berýär. Kazynyň kesgitnamasy bilen debitor berginiň hasabyna sylag tölegi kazyýet ýerine ýetirijisiniň haýryna töletdirilýär.

35. Ýerine ýetiriş resminamasynyň mejbury ýerine ýetirilmegi bilen bagly kazyýet ýerine ýetirijisine tölenen sylag tölegi, ýerine ýetiriş resminamanyň üýtgedilen ýa-da ýatyrylan halatynda yzyna gaýtarylmaga degişli däldir.

36. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Kazyýet ýerine ýetirijileriniň işini guramak we gözegçilik etmek boýunça müdirligi, welaýat kazyýetleriniň, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleriniň bölümleri we degişli kazyýetler kazyýet ýerine ýetirijileriniň işlerine gözegçilik edýärler (Kanunyň 9-njy maddasy). "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 35-nji, 24-nji we 18-nji maddalarynda hem, kazyýet kararlarynyň ýerine ýetirilişiniň guralyşyna degişlilikde Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetiniň, welaýat kazyýetleriniň, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleriniň hem-de etrap we etrap hukukly şäher

kazyýetleriniň gözegçilik edýändigi barada görkezilendir. Oňa görä-de, ol kazyýetler degişli kazyýet ýerine ýetirijileriniň işlerine gözegçiligi yzygiderli alyp barmalydyrlar we ýerine ýetiriş önümçiliginde ýüze çykýan soraglary kanunalaýyk çözmekde olara iş tejribe goldawlaryny bermek bilen, ýerine ýetiriş önümçiliginiň umumy ýagdaýyndan habarly bolup, olaryň işleriniň kanunda bellenen tertibe laýyk guralmagynyň üpjün edilmegine ýardam bermelidirler.

37. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Kazyýet ýerine ýetirijileriniň işini guramak we gözegçilik etmek boýunça müdirligi, Türkmenistanyň Arbitraž kazyýeti, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri we olaryň degişli bölümleri hem-de etrap we etrap hukukly şäher kazyýetleri degişli kazyýet ýerine ýetirijileriniň işlerine, şol sanda öz kazyýetleri tarapyndan birinji basgançakda seredilen işler boýunça çykarylan kazyýet kararlarynyň ýerine ýetirilişine gözegçiligi güýçlendirip, ýerine ýetiriş önümçiligine gatnaşyjylaryň hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň goralmagyny we her bir ýerine ýetiriş önümçiliginiň öz wagtynda netijeli ýerine ýetirilmegini gazanmak maksady bilen, kazyýet ýerine ýetirijileriniň işlerini yzygiderli kämilleşdirmek we hünär ussatlyklaryny ýokarlandyrmak boýunça alnyp barylýan okuw sapaklarynyň hiline hem aýratyn üns bermelidirler, şeýle-de olaryň işlerini öwrenmek we umumylaşdyrmak arkaly seljerip, ýol berilen kemçilikleriň gaýtalanmazlygy üçin degerli çäreleri öz wagtynda görmelidirler.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy G.Hallyýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy J.Açylow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

KARARY № 8

2019-njy ýylyň 19-njy dekabry Aşgabat şäheri

Kazyýetiň hökümi hakynda

(18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe kazyýetiň ähli işi kanunçylygy we hukuk tertibini üpjün etmäge, raýatlaryň hukuklarynyň hem-de azatlyklarynyň, namysynyň, mertebesiniň goralmagyna, hukuk düzgüniniň bozulmalaryna eltýän sebäpleriň we şertleriň ýok edilmegine gönükdirilendir. Munuň özi kazyýetde seredilýän her bir iş boýunça çykarylýan kazyýet kararlarynyň, şol sanda hökümiň kanuny, esasly we adalatly bolmagy, olaryň wagtynda ýerine ýetirilmegi bilen üpjün edilýär.

Kazyýetiň hökümi jemgyýetçilik gatnaşyklarynda kanunçylygyň we asuda durmuşyň ykrar edilmeginde, raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny, kanun arkaly goralýan döwlet hem jemgyýetçilik bähbitlerini goramakda, adamy jenaýat etmekde günäli bilmek ýa-da ony aklamak ýaly jemgyýet üçin örän wajyp meseleleri çözmekde uly ähmiýetli Türkmenistanyň adyndan çykarylýan kazyýet kararydyr.

Höküm kanuny, esasly we adalatly bolmalydyr, şonda hökümiň kanunylygy kanunyň ähli talaplaryny berjaý etmekden we kanuna esaslanyp çykarylmagyndan, kazyýetde barlanýan subutnamalaryň kazyýet mejlisinde hemmetaraplaýyn, doly we dogry barlanmagy bilen baglylykda esaslandyrylmagyndan hem-de bellenilen jezanyň jenaýatyň agyrlygyna we iş kesileniň şahsyýetine laýyk gelmegi bilen adalatly bolmagyndan ybarat bolmalydyr.

Şonuň bilen birlikde, kazyýetler tarapyndan käbir işler boýunça kazyýet seljerişiniň ýüzleý geçirilýän, toplanan subutnamalara ýeterlik derejede baha berilmeýän, işi turuwbaşdan derňelende aýyplanýanlaryň hereketlerine (hereketsizliklerine) hukuk taýdan doly we dogry baha bermekde goýberilen kemçilikleri ünsden düşürilýän, jeza çäreleri kesgitlenende günäkäriň etmişiniň ýeňilleşdirýän we agyrlaşdyrýan ýagdaýlarynyň ýeterlik derejede nazara alynmaýan, şonuň netijesinde kabul edilen kazyýet kararlarynyň ýokarky basgançakly kazyýetler tarapyndan kanunalaýyk getirilmegi üçin wagtyň we goşmaça iş güýjüniň sarp edilmeli bolýandygyny, şunda goşmaça iş ýorediş hereketleriniň geçirilýan döwründe iş kesileniň ýa-da jebir çekeniň belli bir derejede ruhy aladalanmasyna getirýändigini kazyýet iş tejribesi görkezdi.

Kazyýetler tarapyndan höküm çykarylanda kanunçylygyň dogry ulanylmagyny üpjün etmek maksadyna eýerip, “Kazyýet hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Plenum

KARAR EDÝÄR:

1. Türkmenistanyň adyndan kanuny, esasly we adalatly hökümi çykarmaklygyň kazylardan aýratyn jogapkärçiligi talap edýändigine olaryň ünsüni çekmeli.

2. Kazyýetiň hökümi maslahat otagynda çykarylmalydyr. Maslahat otagynda işe kazynyň ýekeliginde seredilende, diňe kazydan, işe kazyýetiň düzüminde seredilende bolsa, kazy we kazyýet oturdaşlaryndan başga adam bolmaly däldir. Kazyýetiň maslahat otagynda ätiýaçdaky kazyýet oturdaşlarynyň bolmaklaryna-da ygtyýar berilmeýär, çünki Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 55-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, kazyýetiň ätiýaçdaky oturdaşlary şol işiň seljerilmeginiň başyndan başlap, kazyýet mejlishanasynda bolýarlar we kazyýetiň düzüminden kazyýetiň oturdaşlarynyň biri ýa-da ikisi hem çykyp giden mahalynda olaryň ornuny tutýarlar.

Türkmenistanyň JIÝK-nyň 414-nji, 416-njy, 520-nji maddalaryna laýyklykda, höküm çykarylmazyndan ozal çözülmäge degişli bolan meseleleri ara alyp maslahatlaşmagyň, şeýle hem kazylaryň maslahatynyň kanunda görkezilen tertibiniň berjaý edilişini kazyýet mejlisine başlyklyk ediji kazynyň üpjün etmäge borçludygy barada olaryň ünsüni çekmeli.

Maslahat wagtynda başlyklyk ediji kazyýetiň oturdaşlaryna olaryň iş boýunça aýratyn pikirleriniň we olary beýan etmegiň doly erkinligini üpjün edýän şertleri döretmelidir.

3. Kazylar hökümde çözülmäge degişli bolan ähli meseleleri kanun esasynda, olara daşyndan täsir edilmegini aradan aýyrýan şertlerde hemmetaraplaýyn, doly we dogry barlap, işiň ähli ýagdaýlarynyň jemine esaslanyp, kanunyň talaplaryna laýyklykda çözmelidirler.

Kazylaryň işine hiç kimiň gatyşmagyna ýol berilmeýär we oňa gatyşylmagy kanunçylykda bellenen jogapkärçilige eltýär.

4. Kazyýetler hökümiň beýan ediliş medeniýetini ýokarlandyrmalydyrlar.

Höküm kazyýet önümçiliginiň ýöredilýän dilinde beýan edilýär. Höküm hukuk taýdan sowatly ýazylmalydyr, onda kazyýetiň iş boýunça anyklan ýagdaýlary we netijeleri takyk hem düşnükli beýan edilmelidir. Hökümde sözleriň iki manylylygyna, hökümi tagaşyksyz görkezýän we iş üçin ähmiýeti bolmadyk anyklamalaryň getirilmegine ýol berilmeli däldir.

5. Aýyplaw hökümi çaklamalara esaslandyrylyp bilinmez. Ol anyk subutnamalaryň ýeterlik jemi bilen tassyklanan bolmalydyr. Diňe kazyýet mejlisinde hemmetaraplaýyn, doly we dogry barlanylmagy netijesinde toplanan subutnamalar hökümde esas edilip, ulanylyp bilner. Kazyýetde işi seredilýäniň, jebir çekeniň, şaýatlaryň anyklaýyş ýa-da deslapky derňew geçirilende beren görkezmeleri, olaryň görkezmeleriniň ses we wideoýazgylary diňe kanun tarapyndan ýol berlen halatlarynda yglan edilip bilner. Şol görkezmelerdäki anyk maglumatlar, şeýle hem beýleki subutnamalar diňe kazyýet mejlisinde hemmetaraplaýyn derňelenden soň we öz tassygyny tapan ýagdaýlarynda, iş boýunça gelnen netijelere we çykarylan çözgütlere esas edilip bilner.

Günäkärligi barada dörän, aradan aýryp bolmajak, şeýle hem jenaýat we

jenaýat iş ýörediş kanunlary ulanylan mahaly ýüze çykan şübheler aýyplanýanyň peýdasyna çözülmelidir.

6. Adyl kazyýetlik amala aşyrylanda bikanun usul bilen toplanan, gelip çykyşy näbelli bolan subutnamalar derňelmäge we ulanylmaga degişli däldir.

Kazyýetiň günäniň tassyk bolmagy baradaky netijesi ýeterlik hem-de obýektiw, şübhe döretmeýän subutnamalara esaslanmalydyr. Subutnamalaryň barlanylyşy kazyýet mejlisiniň teswirnamasynda öz beýanyny tapmalydyr. Hökümde esas edilip alnan subutnamalar kazyýet mejlisiniň teswirnamasynda beýan edilmedik halatynda, onuň hökümiň sökülmegine esas bolup biljekdigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

7. Subutnamalaryň hemmetaraplaýyn, doly we dogry barlanmagy diýilmegine Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 16-njy babynda görkezilen düzgünlere laýyklykda, subutnamalaryň jikme-jik seljerilmegine, olary biri-biri bilen deňeşdirmek bilen özara baglanyşygynyň kesgitlenmegine, doly däl ýa-da gapma-garşy bolan goşmaça subutnamalaryň barlanylyp, talabalaýyk getirilmegine, subutnamalaryň alnan çeşmesiniň näderejede ynandyryjylygynyň barlanmagyna düşünmelidir.

8. Kazyýetiň hökümi giriş, beýan ediş-delillendiriş we karara gelinýän böleklerden ybarat bolup durýar.

Kazyýetiň höküminiň giriş böleginde onuň Türkmenistanyň adyndan çykarylandygy, hökümiň çykarylan wagty (yglan edilen güni) we ýeri, hökümi çykaran kazyýetiň ady, kazyýetiň düzümi, kazyýet mejlisiniň kätibi, iş ýöredişe gatnaşyjylar, olaryň wekilleri, terjimeçi, kazyýetde işi seredilýäniň familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan ýyly, aýy, güni we ýeri, milleti, kazyýet önümçiliginiň alnyp barylýan dilini bilýändigi, raýatlygy, iş kesilenlik aýyby bolan ýagdaýynda öň iş kesilendigi we haýsy esaslara görä jeza çekmekden boşadylandygy, ýaşaýan ýeri, jenaýat edipdir diýlen mahaly nirede we kim bolup işländigi, bilimi, maşgala ýagdaýy, harby borçlulygy, döwlet sylaglary bilen sylaglanylandygy, kazyýetde işi seredilýän haýsy jenaýaty etmekde aýyplanýan bolsa, şol jenaýaty göz öňünde tutýan jenaýat kanunynyň maddasy, bölegi, bendi görkezilmäge degişlidir.

Şol maglumatlaryň doly we dogry, takyk görkezilmegi hökmanydyr, çünki ol diňe bir şol maglumatlaryň hakykata laýyk gelmeginiň esaslandyrylmagy bilen bagly bolman, eýsem ol hökümiň doly we dogry ýerine ýetirilmegi üçin hem möhümdir. Çünki iş kesileniň şahsyýetine degişli maglumatlaryň onuň şahsyýetini tassyklaýan pasportyna ýa-da onuň ornuny tutýan resminama esaslanylyp görkezilmegi, günäkär adama iş kesilýändigini ýa-da aklanmaga degişli adamyň aklanýandygyny esaslandyrýar. Iş kesileniň iş kesilenlik aýybynyň aýrylmandygy baradaky maglumatlaryň görkezilmegi, şol aýyp bilen baglanyşykly ähli hukuk netijeleriň dogry çözülmegine täsiriniň ýetýändigini düşündirmeli.

Kazyýetde işi seredilýän barada görkezilmäge degişli maglumatlaryň sanawynyň gutarnykly däldigi sebäpli, iş üçin ähmiýeti bolan beýleki maglumatlar hem hökümiň giriş böleginde görkezilip bilner.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 80-nji maddasynyň 6-njy bölegine laýyklykda, iş kesilenlik aýybynyň öz-özünden aýrylmagy ýa-da aýrylmagy bilen, iş kesilenlik aýyby bilen baglanyşykly ähli hukuk netijeleriniň ýatyrylýandygyny

nazara alyp, hökümiň giriş böleginde kazyýetde işi seredilýäniň öňki iş kesilenlik aýyby baradaky maglumatlar görkezilmäge degişli däldir.

9. Kazyýet tarapyndan subut boldy diýlip ykrar edilen jenaýatçylykly etmişiň suratlandyrylmasy aýyplaw hökümiň beýan ediş-delillendiriş böleginde anyk görkezilmelidir. Onda jenaýatyň edilen ýeri, wagty, nähili usul bilen edilendigi, günäniň görnüşi, jenaýatyň delilleri we ýetiren zyýanlary takyk, doly we dogry görkezilmelidir. Hökümde kazyýetiň kazyýetde işi seredilýän baradaky netijeleriniň esaslanýan subutnamalary hem-de kazyýetiň beýleki subutnamalary ret etmegine sebäp bolan deliller getirilmelidir. Şeýle hem jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän ýa-da agyrlaşdyrýan ýagdaýlar, aýyplaw bölekleýin esassyz diýlip ykrar edilen ýa-da jenaýatyň maddalaşdyrylyşynyň nädogrulygy ýüze çykarylan halatynda aýyplawyň üýtgemeginiň esaslary we delilleri görkezilmelidir.

Bulardan başga-da, hökümiň şu böleginde kazyýet jenaýat jezasynyň bellenilmegine, ondan ýa-da ony hakykat ýüzünde çekmekden boşadylmagyna, beýleki täsir ediş çäreleriniň ulanylmagyna degişli meseleleriň hemmesiniň çözgüdiniň delillerini görkezmelidir.

10. Hökümiň beýan ediş-delillendiriş böleginde Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 414-nji, 416-njy we 520-nji maddalarynda görkezilen başga meseleler boýunça hem kabul edilen çözgütleriň esaslandyrylyşy bolmalydyr.

Kazyýetler höküm çykaranlarynda, bigünälik prezumpsiýasy barasynda görkezilenlere, has takygy, kazyýetde işi seredilýäniň günäkärligi barada dörän we aýryp bolmajak şübheleriň onuň peýdasyna çözülmelidigine, subutnamalara baha berlende, bikanun usul bilen toplanan, gelip çykyşy näbelli subutnamalaryň ulanylyp bolmaýandygyna, ruhy ýa-da fiziki täsir etmek netijesinde ýa-da başga bikanun ýol bilen alnan subutnamalaryň hukuk taýdan güýjüniň ýokdugyna üns bermelidirler.

Kazyýetde işi seredilýäniň özüne bildirilen aýyby boýun almagyny hem diňe iş boýunça toplanan beýleki subutnamalaryň jemi bilen tassyk bolan ýagdaýynda, aýyplaw hökümine esas edip alyp bolýandygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

11. Kazyýetde işi seredilýän deslapky derňew ýa-da anyklaýyş geçirilende beren görkezmelerini üýtgeden ýagdaýynda, kazyýet onuň öňki we soňky beren görkezmelerini doly barlap, olary üýtgetmeginiň sebäplerini anyklamalydyr we iş boýunça toplanan subutnamalaryň jemi boýunça onuň görkezmelerine degişli baha bermelidir.

12. Kazyýetde işi seredilýäniň özüniň bigünäligi, jenaýatçylykly hereketleriniň maddalaşdyrylyşy, ýetirilen zyýanyň möçberi we işiň kanunalaýyk çözgüdine täsir edip biljek gaýry ýagdaýlar barada getirýän delilleri barlanmaga degişlidir, kazyýet olar barada işiň materiallaryna we kanuna esaslanýan netije çykarmalydyr, delilleriň her biri boýunça gelnen netije subutnamalara hukuk taýdan dogry baha berilmegi bilen esaslandyrylmalydyr.

13. Kazyýet kazyýetde işi seredilýäne bidirilen aýybyň tassyk bolandygy baradaky netijesini esaslandyrýan subutnamalar babatda olaryň ýol bererliligi hem-de degişliligi seljerilmelidir we gelnen netije delillendirilmelidir. Eger işde biri-birine çapraz gelýän subutnamalar bolsa ýa-da olaryň dogrulygyna şübhe döreýän

bolsa, onda bu ýagdaýlary aýdyňlaşdyrmazdan we kemçilikleri aradan aýyrmazdan belli bir netijä gelip bolmaýandygyny kazyýetlere düşündirmeli.

Kazyýetiň kabul edýän we kabul etmeýän subutnamalaryny delillendirmegi, olara hukuk taýdan dogry baha berilmegi bilen hem bagly bolup, Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksindäki bellenilen tertipde subutnamalardaky ýüze çykarylan nätakyklyklar aýdyňlaşdyrylmaga, gapma-garşylyklar aradan aýrylmaga degişlidir. Kazyýetiň anyklan ýagdaýlaryna degişli subutnamalar babatda hiç bir şübhe döremeli däldir.

14. Edilen jenaýatçylykly hereket Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň haýsy maddasy, maddasynyň bölegi we bendi bilen maddalaşdyrylmaga degişlidigi baradaky netije höküminiň beýan ediş-delillendiriş böleginde doly delillendirilmelidir. Çünki Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 17-nji maddasynyň 4-nji bölegine laýyklykda, jenaýatlaryň umumy jeminde adam her bir edilen jenaýat üçin jenaýat kanunynyň degişli maddasy we maddanyň bölegi boýunça jogapkärçilik çekýär.

15. Kazyýetler birnäçe adam baradaky işlere ýa-da kazyýetde işi seredilýäne birnäçe jenaýaty etmekde aýyp bildirilen işlere seredenlerinde, her bir kazyýetde işi seredilýän we her bir bildirilen aýyp barada jenaýatlaryň maddalaşdyrylyşyny aýratyn delillendirmelidirler. Eger-de, jenaýat deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan şol bir jenaýatçylykly hereketler bilelikde edilen bolsa, onda olaryň hereketleriniň umumy bir gezek delillendirilmegine ýol berilýär.

Eger kazyýetde işi seredilýäne Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň birnäçe maddasy boýunça aýyp bildirilip, onuň şol jenaýatlaryň käbirini etmekdäki aýyby tassyk bolmaýan bolsa, onda kazyýet höküminiň karara gelinýän böleginde kazyýetde işi seredilýäniň haýsy aýyp boýunça aklanandygyny we haýsy aýyp boýunça günäli bilnendigini takyk görkezmelidir.

Eger kazyýetde işi seredilýäne Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň bir maddasy bilen maddalaşdyrylýan birnäçe jenaýaty etmekde aýyp bildirilen bolsa (mysal üçin: birnäçe ogurlyk, jenaýatçylykly hereketleriň birnäçe halatlary we ş.m.) we bildirilen aýybyň käbiri tassyk bolmadyk bolsa hem-de bu ýagdaý etmişiň maddalaşdyrylyşynyň üýtgemegine getirmeýän bolsa, onda kazyýet höküminiň beýan ediş-delillendiriş böleginde degişli delilleri getirmek bilen, aýybyň şol bölegini esassyz diýip bilmek baradaky netijesini görkezmegi ýeterlikdir.

Eger kazyýetde işi seredilýäniň eden bir jenaýaty ýalňyşlyk bilen Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň birnäçe maddasy bilen maddalaşdyrylan bolsa, onda kazyýet höküminiň beýan ediş-delillendiriş böleginde ony delillendirmek bilen kazyýetde işi seredilýäne nädogry aýyp bildirilen Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň maddasynyň aýrylýandygyny görkezmelidir.

16. Deslapky derňew edaralary tarapyndan kazyýet mejlisinde kazyýetde işi seredilýäne bildirilen aýyp üýtgedilmäge degişli bolan halatynda, bu ýagdaýlar kazyýetiň höküminiň beýan ediş-delillendiriş böleginde hökmany ýagdaýda delillendirilmäge degişlidir.

17. Jenaýatyň aýratyn halatlaryny kazyýetde işi seredilýäniň hereketine (hereketsizligine) kanunyň günä bildirilmedik maddasy boýunça maddalaşdyrmak zerurlygy ýüze çykan ýagdaýynda, diňe kazyýetde işi seredilýäniň Türkmenistanyň

Jenaýat kodeksiniň täze maddasy bilen maddalaşdyrylmaga degişli hereketi (hereketsizligi) oňa bildirilen aýybyň hakyky ýagdaýlaryndan düýpli tapawutlanmaýan we ondan has agyr jenaýatyň alamatlaryny öz içine almaýan ýagdaýynda, bildirilen aýybyň üýtgedilmegi kazyýetde işi seredilýäniň ýagdaýyny agyrlaşdyrmaýan we onuň goranmaga bolan hukugyny bozmaýan ýagdaýynda jenaýatyň maddalaşdyrylyşynyň üýtgedilmegine ýol berilýändiginden kazyýetler ugur almalydyrlar. Maddalaşdyrylyşyň üýtgedilmeginiň delilleri hökümiň beýan ediş-delillendiriş bölegінde görkezilmelidir.

18. Jenaýatyň residiwiniň görnüşiniň kesgitlenilmeginiň, seredilýän iş boýunça günäkäre jeza çäresiniň, azatlykdan mahrum edilenlere düzediş edarasynyň görnüşiniň dogry bellenmegi üçin hukuk ähmiýetiniň bardygy sebäpli, hökümiň beýan ediş-delillendiriş bölegінde onuň delillendirilmegi we görkezilmegi hökmanydyr.

19. Eger kazyýet seljerişiniň dowamynda Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniňň 31-nji maddasynyň 1-nji bölegindäki ýagdaýlar ýüze çykanda kazyýetde işi seredilýäni aklamagyň ýa-da jezadan boşatmagyň zerurdygy barada netijä gelinse, onda kazyýet gelen netijesini hökümiň beýan ediş-delillendiriş bölegінde delillendirmelidir.

20. Hökümiň beýan ediş-delillendiriş bölegінde, kazyýetde işi seredilýäne şertleýin iş kesilmeginiň, hökümiň ýerine ýetirilmeginiň yza süýşürilmeginiň, günäkäre Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň degişli maddasynda göz öňünde tutulan aşak çäkden-de pes bolan jeza bellenilmeginiň ýa-da şol maddada göz öňünde tutulandakydan jezanyň has ýeňil görnüşiniň bellenilmeginiň, şonuň ýaly-da kazyýetde işi seredilýäniň jezadan boşadylmagynyň zerurdygy baradaky kazyýetiň gelen netijesiniň delilleri görkezilmelidir.

21. Aýyplaw höküminiň karara gelinýän bölegінde Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 424-nji maddasynyň talaplary doly berjaý edilmelidir.

22. Aýyplaw höküminiň karara gelinýän bölegінde kazyýetde işi seredilýäniň familiýasy, ady we atasynyň ady onuň hökümiň giriş bölegінde görkezilişi ýaly dolulygyna görkezilmelidir.

Aýyplaw höküminiň karara gelinýän bölegінde kazyýetde işi seredilýäniň jenaýaty etmekde günäli bilmek hakyndaky çözgüdi görkezilenden soň, günäkär diýip hasap edilen Jenaýat kodeksiniň maddasy, bölegi we bendi anyk görkezilmelidir. Bu barada goýberilen her bir kemçiligiň hökümiň üýtgedilmegine ýa-da sökülmegine getirip bilýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

23. Kazyýetde işi seredilýäne jeza çäresiniň bellenilmeginiň delillerіniň hökümde görkezilmelidigi baradaky Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 55-nji maddasynyň talaplary berk berjaý edilmelidir.

Jenaýat eden adama adalatly jeza bellenilmelidir we onuň düzelmegi üçin zerur we ýeterlikli bolmalydyr.

Jeza bellenende her bir kazyýetde iş seredilýän barada aýratynlykda çemeleşmegiň zerurdygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

24. Jenaýat etmekde günäli diýlip, kazyýet tarapyndan ykrar edilen adama Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň Umumy böleginiň düzgünlerini göz öňünde

tutup, şol Kodeksiň Aýratyn böleginiň degişli maddasy we maddasynyň degişli bölekleri ýa-da bentleri esasynda kanunyň çäklerinde kesgitlenilýän jeza bellenilýär.

Edilen jenaýat üçin Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň Aýratyn böleginiň degişli maddasynda göz öňünde tutulan jezanyň görnüşi we möçberi, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 62-nji we 63-nji maddalaryna laýyklykda, jenaýatlaryň umumy jemi we hökümleriň umumy jemi boýunça bellenilmäge degişlidir.

Şeýle ýagdaýlarda amala aşyrylan jenaýatlaryň umumy jemine uly bolmadyk agyr we ortaça agyr jenaýatlar girýän bolsa, azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki jeza bellenilende amala aşyrylan jenaýatlaryň iň agyry üçin göz öňünde tutulan iň ýokary jezadan ýokary bolup bilmez, eger amala aşyrylan jenaýatlaryň umumy jemine agyr ýa-da aýratyn agyr jenaýat goşulýan bolsa, onda jezalary bölekleýin ýa-da dolulygyna goşmak arkaly, gutarnykly jeza bellenýär. Şeýle edilende azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki gutarnykly jeza 15 ýyldan, aýratyn agyr jenaýatlar boýunça bolsa amala aşyrylan jenaýatlar üçin göz öňünde tutulan iň ýokary jezadan ýokary bolup bilmez.

25. Jezanyň görnüşi we möçberi bellenilen wagtynda jenaýatyň häsiýeti we agyrlygy, şeýle jenaýat etmegiň maksatlary we äheňleri, netijeleri, jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän we agyrlaşdyrýan ýagdaýlary, günäkäriň şahsyýeti, şeýle hem bellenilen jezanyň günäkäriň jezasyny çekenden soňra durmuşyň adaty şertlerine gaýtadan uýgunlaşmagyna we onuň maşgalasynyň durmuş şertlerine ýetirjek täsiri göz öňünde tutulmalydyr.

Subut boldy diýlip hasap edilen Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň her bir maddasy, maddasynyň bölegi we bendi boýunça esasy we goşmaça jeza çäreleriniň görnüşi we möçberi aýratynlykda görkezilmäge degişli bolup, jenaýatlaryň jemi boýunça we degişli halatlarda hökümleriň jemi boýunça gutarnykly çekmeli esasy we goşmaça jeza çäreleri höküminň karara gelinýän böleginde anyk görkezilmelidir.

26. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 56-njy maddasynyň 1-nji böleginde görkezilen ýagdaýlar Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň şol edilen jenaýat üçin jogapkärçiligi hakyndaky degişli maddasynda göz öňünde tutulan bolsa, onda şol ýagdaý jezany ýeňilleşdirýän ýagdaý hökmünde gaýtadan göz öňünde tutulyp bilinmeýändigini, ýöne jeza bellenende, agzalan maddanyň şol böleginde görkezilmedik ýagdaýlar hem delillendirilip, jogapkärçililigi ýeňilleşdirýän ýagdaýlar hökmünde göz öňünde tutulyp bilinýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 57-nji maddasyndaky jogapkärçiligi agyrlaşdyrýan ýagdaýlaryň sanawynyň gutarnyklydygyny, ýöne jeza bellenilende, işiň ýagdaýlaryna baglylykda olaryň käbirini jogapkärçiligi agyrlaşdyrýan ýagdaý diýip hasap etmän hem bolýandygyny, şonda öz gelen netijelerini höküminň beýan ediş-delillendiriş böleginde görkezmelidiklerini kazyýetlere düşündirmeli.

Eger jogapkärçiligi agyrlaşdyrýan ýagdaýlar şol bir wagtyň özünde jenaýatyň düzüminiň alamaty bolup durýan bolsa (mysal üçin: ogurlykda betnebislik meýilleri, aýratyn zalymlyk bilen adam öldürmek we ş.m.), onda şol ýagdaýlaryň jeza bellenilende, jogapkärçiligi agyrlaşdyrýan ýagdaýlar hökmünde göz öňünde tutulyp bilinmeýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

27. Eger iş boýunça höküm çykarylandan soň iş kesilen adamyň birinji iş

boýunça höküm çykarylmazyndan öň başga jenaýat etmekde hem gunäkärligi anyklanylsa, onda jeza Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 62-nji maddasynyň 2-nji we 3-nji bölekleriniň düzgünleri boýunça bellenilýär. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 62-nji maddasynyň 5-nji bölegine laýyklykda, şu halatda birinji höküm boýunça çekilen jeza möhleti bellenilen jezanyň gutarnykly möhletine hasap edilýär. Şeýle ýagdaýlarda hökümiň karara gelinýän böleginde jeza çäresiniň möhleti hasaplanmagy öňki höküm bilen bellenen möhletden hasaplanyp başlanylmalydygyny kazyýetlere düşündirmeli.

28. Edilen jenaýat üçin jenaýat kanunynda göz öňünde tutulandakydan jezanyň has ýeňil görnüşini bellemek üçin esas Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 58-nji maddasy boýunça kesgitlenilýär.

29. Kazyýetler kämillik ýaşyna ýetmediklere jeza çäresini bellemek baradaky meseläni ara alyp maslahatlaşanlarynda, jezanyň diňe Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 83-nji maddasynda görkezilen görnüşlerini ulanyp bolýandygyna we olaryň möhletiniň, möçberiniň Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 84-87-nji maddalarynda görkezilen çäklerden köp bolmaly däldigine üns bermelidirler.

30. Haçan-da adamyň günäli bilnen jenaýat kanunynyň jezalandyryş bölegi azatlykdan mahrum etmek bilen bir hatarda jezanyň has ýeňil görnüşini göz öňünde tutýan bolsa, onda höküm çykarylanda azatlykdan mahrum etmek bilen bagly jeza belleniljek bolsa, bu meseläniň ara alnyp maslahatlaşylmaga degişlidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň maddalarynyň, maddalarynyň bölekleriniň sanksiýalary goşmaça jeza çäresini ulanmak ýa-da ulanmazlyk mümkinçiligini göz öňünde tutýan bolsa, kazyýetler onuň ulanylýandygyny ýa-da ulanylmaýandygyny ara alyp maslahatlaşmaga we hökümiň beýan ediş-delillendiriş böleginde gelnen çözgüdiň delillerini görkezmäge borçludyr. Şeýle ýagdaýlarda goşmaça jeza çäresiniň ulanylmaýanlygy hökümiň karara gelinýän böleginde görkezmeklik talap edilmeýär.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň goşmaça jezanyň bellenilmegi hökman diýlip görkezilen maddasy boýunça günäkäre iş kesilende, kazyýet diňe Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 58-nji maddasynda görkezilen şertler bar ýagdaýda, gelnen çözgüdiň delillerini hökmany suratda hökümiň beýan ediş-delillendiriş böleginde görkezip we hökümiň karara gelinýän böleginde Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 58-nji maddasyna salgylanyp, goşmaça jeza çäresini ulanman biler.

31. Kazyýetde işi seredilýän jenaýat jezasyny çekmekden boşadylan bolsa, bu barada hökümiň karara gelinýän böleginde görkezilmelidir. Şunda hökümiň bu böleginde jezadan boşatmaga esas bolan kanun ýa-da beýleki kanunçylyk namasy görkezilmän, ol barada hökümiň beýan ediş-delillendiriş böleginde görkezilmegi ýeterlikdir.

Eger Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 31-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 1-4-nji bentlerinde görkezilen ýagdaýlar (jenaýatyň wakasy ýok bolsa, etmişde jenaýatyň düzümi ýok bolsa, wagt möhleti geçen bolsa, günä geçme namasy edilen etmiş üçin jezanyň ulanylmagyny aradan aýyrýan bolsa) kazyýet seljerişiniň barşynda ýüze çykýan bolsa, onda kazyýet işi seljermegi ahyryna çenli

ýetirip, jenaýatyň wakasy ýa-da etmişde jenaýatyň düzümi ýok bolsa, aklaw hökümi çykarmalydyr. Eger-de wagt möhleti geçen ýa-da günä geçme namasy edilen etmiş üçin jezanyň ulanylmagyny aradan aýyrýan bolsa, kazyýet hökümiň karara gelinýän böleginde kazyýetde işi seredilýäni Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň degişli maddasynda göz öňünde tutulan jenaýaty etmekde günäli bilip we jeza belläp, Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 31-nji maddasynyň 2-nji bölegine salgylanmak bilen, iş kesileni esasy we goşmaça jezadan boşatmak barada görkezilmelidir.

Eger aýyplaw hökümi kanuny güýjüne girýänçä onda görkezilen etmişleriň jenaýatçylygy we jezalandyrylyşy täze kanun tarapyndan aradan aýrylan bolsa, jenaýat işi Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 31-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 2-nji bendi esasynda ýatyrylmaga degişlidir.

Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 31-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 3-nji we 4-nji bentlerinde görkezilen esaslar (wagt möhleti geçen bolsa, günä geçme namasy edilen etmiş üçin jezanyň ulanylmagyny aradan aýyrýan bolsa) boýunça işi ýatyrmaga aýyplanýan garşy çykýan bolsa, şol esaslarda işi ýatyrmaga ýol berilmeýär. Şunuň ýaly bolan halatynda iş boýunça önümçilik adatdaky tertipde dowam etdirilýär.

Eger jenaýatlaryň jeminde bir madda boýunça Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 31-nji maddasynyň 2-nji bölegi esasynda adam jezadan boşadylan halatynda, bu jeza beýleki maddalar boýunça bellenen jeza goşulmaga degişli däldir.

32. Kazyýet hökümiň karara gelinýän böleginde azatlykdan mahrum etmek ýa-da harby-düzediş bölüminde saklamak görnüşindäki jezany belläp, iş kesileniň şahsyýetini, amala aşyrylan jenaýatyň häsiýetini, agyrlygyny we getiren netijelerini, ýeňilleşdirýän we agyrlaşdyrýan ýagdaýlary, günäkäriň şahsyýeti baradaky maglumatlary nazara alyp, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 67-nji maddasyny ulanmak bilen, bellenilen jezany şertleýin hasaplap, synag möhletini belleýär.

Harby-düzediş bölüminde saklamaga ýa-da bir ýyl möhlete çenli azatlykdan mahrum etmäge iş kesilen halatynda, synag möhletiniň alty aýdan az we üç ýyldan ýokary bolmaly däldigine, bir ýyldan ýokary möhlete azatlykdan mahrum etmäge iş kesilen halatynda bolsa, dokuz aýdan az we bäş ýyldan ýokary bolmaly däldigine, şertleýin iş kesilen mahalynda goşmaça jezalaryň bellenilip, şeýle-de käbir borçlary ýerine ýetirmegiň iş kesileniň üstüne ýüklenip bilinýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Aýratyn agyr jenaýat eden adamlara şertleýin iş kesmek ulanylmaýar.

Türkmenistanyň Jenaýat-ýerine ýetiriş kodeksiniň 183-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, eger-de hökümde başgaça bellenilmedik bolsa, şertleýin iş kesilenler barada synag möhleti höküm yglan edilen pursatyndan hasaplanyp başlanýar.

33. Kazyýet kazyýetde işine seredilýän barada Türkmenistanyň JK-nyň 77-nji maddasynyň düzgünlerini ulanmak hakynda netijä gelen halatynda, höküminiň karara gelinýän böleginde işine seredilýän göwreli aýallara we on dört ýaşyna ýetmedik çagasy bolan aýallara, ejesi ölen ýa-da ata-enelik hukugyndan mahrum edilen on dört ýaşyna ýetmedik çagany ýeke terbiýeleýän erkek adamlara, şahsyýete

garşy agyr ýa-da aýratyn agyr jenaýatlar üçin bäş ýyldan ýokary möhlete iş kesilenlerden başgalara, esasy we goşmaça jeza çäresini belläp, jeza möhletiniň doldurylmagynyň çaga on dört ýaşyna ýetýänçä yza süýşürilýändigini takyk görkezmelidir.

34. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 65-nji maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda, kazyýetde işi seredilýän höküm çykarylmazyndan öň tutulyp saklanylan ýa-da ol barada tussag etmek görnüşindäki ätiýaçsyzlandyryş çäresi ulanylan bolsa, onuň bir gününiň azatlykdan mahrum etmek jezasynyň iki gününe deňdigi we şol Kodeksiň 99-njy maddasyna laýyklykda, lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreler ulanylan döwrüniň kazyýetde işi seredilýäne bellenilen jezanyň möhletine hasap edilýändigi barada hem aýyplaw höküminiň karara gelinýän böleginde görkezilmelidir**.**

Kazyýetde işi seredilýäne azatlykdan mahrum etmek bilen bagly jeza bellän halatynda, kazyýet höküminiň karara gelinýän böleginde iş kesileniň jezany çekmeli düzediş edarasynyň görnüşini görkezmelidir.

35. Azatlykdan mahrum etmäge iş kesilenlere bellenilýän düzediş edaralarynyň görnüşleri Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 66-njy maddasynda görkezilendir. Şunda Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 11-nji maddasynda görkezilen jenaýatlaryň görnüşlerine, residiw ýagdaýynda, bilkastlaýyndan ýa-da seresapsyzlykdan, kämillik ýaşyna ýetmedigiň edenligine baglylykda jezany düzediş edaralarynyň Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 66-njy maddasynda görkezilen görnüşleriniň haýsy-da bolsa birinde çekmeklik bellenilýär. Şeýle-de Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 66-njy maddasynyň 2-nji bölegine görkezilen ýagdaýlarda azatlykdan mahrum etmek jezanyň belli bir bölegi türme tussaglygynda saklamak bilen hem bellenilip bilner.

Jeza jenaýatlaryň ýa-da hökümleriň umumy jemi boýunça bellenilende, şeýle hem jezanyň belli bir bölegini türme tussaglygynda çekdirmeli edilende, düzediş edarasynyň görnüşi her bir jenaýat boýunça bellenilen jeza degişlilikde aýratynlykda bellenilmeýär, ol gutarnykly jeza kesgitlenenden soň bellenilýär. Şunda edilen jenaýatyň jeminde haýsy-da bolsa bir bilkastlaýyn edilen jenaýat boýunça azatlykdan mahrum etmek jezasy bellenilen bolsa, beýleki jenaýatlaryň seresapsyzlykdan edilen jenaýatlar bolýandygyna garamazdan, düzediş edarasynyň görnüşi bilkastlaýyn edilen jenaýat üçin bellenilen jeza degişlilikde bellenilýär.

Biri bilkastlaýyn, beýlekileri bolsa seresapsyzlykdan edilen jenaýatlaryň jeminde diňe bilkastlaýyn edilen jenaýat üçin, azatlykdan mahrum etmek bilen bagly bolmadyk jeza bellenen ýagdaýynda, kazyýet jezany çekmegi düzediş edaralaryna mejbury göçürilip eltilen ýerlerinde bellemelidir.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 18-nji maddasynyň talaplaryndan ugur alyp, seresapsyzlykdan edilen jenaýatyň residiw üçin täsiriniň ýokdugy sebäpli, günälilik aýyplarynyň bardygyna garamazdan, seresapsyzlykdan jenaýat eden adamlar barada azatlykdan mahrum etmek jeza çäresini çekmegi düzediş edaralaryna mejbury göçürilip eltilen ýerlerinde bellemelidir.

Iş kesilen esasy jeza çäresi hökmünde bellenen jerimäni tölemekden bilkastlaýyn boýun gaçyran halatynda, düzediş işlerine ýa-da belli bir ýerde ýaşamak borjy ýüklenmeklige iş kesilenlere, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň

44-nji maddasynyň 5-nji böleginde ýa-da 49-nji maddasynyň 4-nji böleginde görkezilen esaslar boýunça bu jeza çäreleri azatlykdan mahrum etmek bilen çalşylan bolsa, olara azatlykdan mahrum etmek görnüşli jezany öň çekenler hökmünde seredilip bolmaýandygyny nazara alyp, iş kesilenler täzeden bilkastlaýyn jenaýat eden halatynda olara täze eden jenaýatynyň görnüşine görä, düzediş edarasynyň görnüşiniň bellenilmelidigini kazyýetlere düşündirmeli.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 67-nji we 77-nji maddalary ulanylan halatynda, iş kesilenlere höküminň karara gelinýän böleginde düzediş edarasynyň görnüşi bellenilmäge degişli däldir.

36. Döwlet sylaglaryndan, harby ýa-da beýleki atlardan mahrum etmek Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 46-njy maddasy bilen düzgünleşdirilýär.

Kazyýet tarapyndan agyr ýa-da aýratyn agyr jenaýat edenligi üçin iş kesilen halatynda, harby ýa-da beýleki ady bar bolan adam kazyýetiň hökümi boýunça şol atdan mahrum edilip bilinýändigini, Türkmenistanyň ordeni, medaly bilen sylaglanan ýa-da Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan dakylan hormatly ady, ýa-da harby ady, ýa-da başga bir ady bolan adama agyr ýa-da aýratyn agyr jenaýat üçin iş kesilen mahalynda, kazyýet höküm çykaranda, günäkäriň şahsyýeti hakyndaky maglumatlary hasaba almak bilen, iş kesilen adamy ordenden, medaldan, hormatly atdan, harby atdan ýa-da başga atdan mahrum etmek barada Türkmenistanyň Prezidentine teklip bermegiň maksada laýyklygy hakynda meseläni çözüp bilýändigini, şunda "Türkmenistanyň döwlet sylaglary hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 8-10-njy maddalarynyň kadalaryndan ugur almalydyklaryny düşündirmeli.

Eger degişli ministrlikleriň ýa-da pudak edaralarynyň ýolbaşçylarynyň buýruklarynyň esasynda agyr ýa-da aýratyn agyr jenaýat eden harby gullukçy degişli harby çinden mahrum edilen halatynda, bu ýagdaýlar höküminň beýan ediş-delillendiriş böleginde delillendirilip, höküminň karara gelinýän böleginde ony harby çinden mahrum etmeklik talap edilmeýär.

37. Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 414-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 16-njy bendine we 424-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 8-nji bendine laýyklykda, aýyplaw höküminiň karara gelinýän böleginde diňe arakhorlukdan, neşekeşlikden ýa-da toksikomaniýadan we beýleki psihoaktiw maddalara baglylykdan ejir çekýän iş kesilenlere lukmançylyk häsiýetli mejbury bejeriş bellenip bilner. Muňa ygtyýarly lukmanlaryň gatnaşmaklarynda geçirilen kazyýet-lukmançylyk bilermenler seljermesiniň netijesi esas bolup, şunda kazyýetde işi seredilýäniň bejerişe mätäçdigi we ol onuň saglygyna garşy däldigi barada görkezilmelidir. Bu ýagdaýlar höküminň beýan ediş-delillendiriş böleginde kazyýet-lukmançylyk bilermenler seljermesiniň netijesiniň senesi we gelnen netijesi görkezilmek bilen delillendirilmelidir.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 94-nji maddasynyň 2-nji böleginde görkezilenlerden başga kesellerden ejir çekýän adamlara mejbury bejeriş çäreleriň bellenilip bilinmeýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

38. Aýyplaw höküminiň karara gelinýän böleginde höküm kanuny güýjüne girýänçä, kazyýetde işi seredilýän barada ätiýaçsyzlandyryş çäresiniň ozalkysy ýaly

galdyrylmagy ýa-da üýtgedilmegi, esasy we goşmaça jeza çäreleriniň möhletleriniň hasaplanmagy baradaky maglumatlar hem görkezilmelidir.

39. Kazyýetiň höküminiň karara gelinýän böleginde iş kesileniň, zerur halatynda bolsa, jebir çekeniň hem ata-enesiz galan kämillik ýaşyna ýetmedik çagalaryny, şeýle hem kesekiniň seretmegine mätäç bolan idegsiz galan garry ata-enesini, eklenjindäki başga adamlary ýerleşdirmek hakyndaky mesele hem çözülmäge degişlidir.

40. Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 34-nji maddasyna laýyklykda, jenaýatyň wakasynyň bolmadyk halatynda, kazyýetde işi seredilýäniň eden etmişinde jenaýatyň düzümi ýok bolan, kazyýetde işi seredilýäniň oňa ýöňkelýän etmişi etmäge dahylynyň bolmadyk halatynda kazyýet tarapyndan aklaw hökümi çykarylýar we şol hökümde kazyýetde işi seredilýän oňa ýöňkelýän jenaýaty etmekde günäkär däl diýlip ykrar edilýär.

Aýyplaw höküminiň beýan edilşine degişli umumy talaplar aklaw höküminiň beýan edilşine hem degişlidigine garamazdan, hökümiň bu görnüşi belli bir aýratynlyklara hem eýedir.

Aklaw höküminiň beýan ediş-delillendiriş böleginde kazyýetde işi seredilýäne bildirilen aýybyň düýp manysy, işiň kazyýet tarapyndan anyklanan ýagdaýlary, kazyýetde işi seredilýäniň jenaýaty etmekde günäkärdigi hakyndaky netijä esaslanan subutnamalaryny kazyýetiň nädogry ýa-da ýeterlik däl diýip hasaplamagynyň delilleri, aklamak üçin esas bolan subutnamalar we raýat hak islegi baradaky çözgüdiň delilleri görkezilmelidir.

Aklananyň bigünädigini şübhe astynda goýýan pikirleriň aklaw höküminde görkezilmegine ýol berilmeýär. Kazyýetde işi seredilýäniň bigünäligini esaslandyrýan subutnamalar görkezilende işiň boluş ýagdaýy hemmetaraplaýyn, doly we dogry barlanan bolmalydyr we aklaw hökümini çykarmaklygy esaslandyrýan subutnamalaryň dogrulygy şübhe döretmeli däldir.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň bir ýa-da birnäçe maddasy bilen maddalaşdyrylan jenaýatlary etmekde aýyp bildirilen adam barada aklaw hökümi çykarylan ýagdaýynda, kazyýet hökümiň beýan ediş-delillendiriş böleginde degişli delilleri getirmek bilen, her bir madda boýunça günäni esassyz diýip bilmek baradaky netijesini, aklamagyň esaslaryny görkezmelidir.

Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 419-njy maddasynyň 2-nji böleginde aklaw hökümini çykarmagyň esaslarynyň gutarnykly sanawynyň görkezilendigini kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

Kanunda görkezilen islendik esas boýunça aklamak kazyýetde işi seredilýäniň bigünädiginiň ykrar edilmegini aňladýar we onuň bozulan hukuklarynyň doly dikeldilmegine eltýär.

Eger kazyýetde işi seredilýäne bildirilen aýyp edilmedik bolsa ýa-da bildirilen aýypda görkezilen netijeler zyýan ýeten adamyň özüniň ýa kimdir biriniň erkine bagly bolmadyk ýagdaýlaryň (mysal üçin: tebigatyň güýjüniň täsiri we ş.m.) netijesinde ýüze çykan bolsa, onda jenaýatyň wakasynyň ýokdugy sebäpli aklaw hökümi çykarylýar.

Haçan-da hereket (hereketsizlik) kazyýetde işi seredilýän tarapyndan edilip, ýöne ol kanun tarapyndan jenaýat diýlip hasap edilmeýän bolsa, şeýle hem edilen

hereket (hereketsizlik) haýsydyr bir jenaýatyň alamatyny diňe formal taýdan emele getirip, onuň az ähmiýetlidigi sebäpli jemgyýetçilik howplulygyny ýitiren bolsa, ýa-da onda jenaýatyň düzümi bar diýip bilmek üçin kanun tarapyndan göz öňünde tutulan şertler ýok bolsa (ozal administratiw jogapkärçiligine çekilip, şol bir etmişiň gaýtadan edilmegi we beýlekiler), ýa-da hereket zerur goranyş ýa-da bialaç zerurlyk ýagdaýynda amala aşyrylan bolsa, jenaýatdan meýletin ýüz dönderilen bolsa we ş.m. (eger günäkäriň hereketinde ýada hereketsizliginde başga jenaýatyň düzümi ýok bolsa) ýagdaýlarda jenaýatyň düzümi ýokdugy sebäpli aklaw hökümi çykarylýar.

Eger jemgyýet üçin howply hereketiň (hereketsizliginiň) edilendigi we onuň getiren netijeleri anyklanyp, ýöne olary kazyýetde işi seredilýäniň edendigi kazyýetiň barlan subutnamalary bilen aradan aýrylýan ýa-da tassyk bolmaýan bolsa, goşmaça subutnamalary toplamak mümkinçiligi hem ýok bolsa, onda kazyýet kazyýetde işi seredilýäniň jenaýat etmäge dahylsyzlygy sebäpli aklaw hökümini çykarýar.

Aklaw höküminiň karara gelinýän böleginde, kazyýetde işi seredilýäniň familiýasy, ady we atasynyň ady, ony bigünä diýip bilmek we aklamak hakynda çözgüt, aklamagyň esaslary, eger ätiýaçsyzlandyryş çäresi ulanylan bolsa, ony ýatyrmak, eger emlägi muzdsuz almagy, şeýle hem ýetirilen zyýanyň öwezini dolmagy üpjün etmek boýunça çäreler görlen bolsa, şol çäreleri ýatyrmak hakyndaky çözgüt, jenaýat jogapkärçiligine çekilmegi bilen baglylykda ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunmagynyň tertibiniň düşündirilendigi görkezilmäge degişlidir.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň bir maddasy bilen maddalaşdyrylan birnäçe jenaýaty etmekde aýyplanýan adam barada aklaw hökümi çykarylanda, eger aýyplaw boýunça aklanmagyň esaslary dürli bolsa, höküminiň karara gelinýän böleginde kazyýetde işine seredilýäniň haýsy esas boýunça we haýsy jenaýaty etmekde aklanandygy anyk görkezilmelidir.

Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 426-njy maddasyna laýyklykda, aklaw hökümi çykarylan halatynda, kazyýet aklanana bozulan hukuklaryny dikeltmegiň we jenaýat jogapkärçiligine çekilmegi bilen baglylykda ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunmagynyň tertibini düşündirmäge borçludyr. Bu ýagdaýlar kazyýet mejlisiniň teswirnamasynda hem öz beýanyny tapmalydyr.

Kazyýetde işi seredilýäniň jenaýat etmäge gatnaşandygy subut edilmändigi sebäpli, aklaw hökümi çykarylan mahalynda jenaýaty eden adam näbelli bolup galsa, höküm kanuny güýje girenden soň, kazyýet başga adam barada jenaýat yzarlaýşynyň zerurlygy hakyndaky meseläni çözmek üçin prokurora jenaýat eden adamyň anyklanmagy barada hat ibermelidir.

Kazyýetde işi seredilýän oňa bildirilen jenaýatlaryň bir bölegi boýunça aklanan bolsa ýa-da ýokarda durýan kazyýet tarapyndan aklamagyň esasynyň aklananyň jenaýat etmäge gatnaşandygynyň subut bolmandygy baradaky esas bilen çalşyrylan, ýa iş kesileniň jenaýat etmäge gatnaşandygynyň subut bolmandygy anyklanyp, aýyplaw hökümi sökülip, iş önümçilikden ýatyrylan halatynda prokurora jenaýat eden adamyň anyklanmagy barada hat iberilmelidir.

Eger kazyýetde işi seredilýäne jenaýat kanunynda görkezilen birnäçe maddalar boýunça günä ýöňkelip, biri boýunça aklanyp, beýlekisi boýunça günäli bilnen halatynda, aklaw hökümi çykarylan hasap edilmeýär we aýyplaw höküminde aklanylan madda boýunça kazyýetde işi seredilýäniň bigünäligi ykrar edilýär hem-de aklanýar, günäli bilnen jenaýaty boýunça bolsa, ol günäli bilinýär we jenaýat jezasy bellenilýär.

Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 406-njy maddasyna laýyklykda, kazyýet derňewi gysgaldylan tertipde geçirilendigine garamazdan, hökümiň umumy tertipde çykarylýandygyny kazyýetlere düşündirmeli.

41. Aýyplaw hökümi çykarylanda, iş boýunça bildirilen raýat hak isleginiň hem çözülmelidigi barada kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Işi seljermegi gaýra goýman ýa-da goşmaça maglumatlary toplaman, raýat hak islegi boýunça jikme-jik hasaplaşyk geçirmek mümkin bolmasa we şunda zyýanyň möçberi etmişli hereketleriň (hereketsizliginiň) maddalaşdyrylyşyna, jeza çäresini bellemeklige täsir etmeýän bolsa, onda kazyýet hak isleýjä bu mesele boýunça raýat kazyýet önümçiligi tertibinde ýüz tutmaga hukugynyň bardygyny düşündirýär. Eger-de raýat hak islegi boýunça zyýanyň möçberi aýyplaw hökümi çykarylmanka tölenen bolsa, onda bu barada jedeliň we işe kazyýetde seretmek zerurlygynyň aradan aýrylandygy sebäpli, Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň kadalaryna laýyklykda, hökümiň karara gelinýän böleginde raýat hak islegi kanagatlandyrylan diýlip görkezilmelidir.

Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 1071-nji maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda, kämillik ýaşyna ýetmedigiň ata-enesi ýa-da oňa gözegçilik etmäge jogapkär şahslar kämillik ýaşyna ýetmedigiň bikanun hereketleri bilen başga şahsa ýetiren zyýanynyň öwezini doldurmaga borçludyr. Gözegçilik etmäge jogapkär şahslar zyýanyň öňüni almaga mümkinçiligi bolmadyk halatlarynda jogapkärçilik aradan aýrylýar.

Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 196-njy maddasynyň 5-nji bölegine laýyklykda, eger raýat hak islegi bildirilmedik bolsa, höküm çykarylan mahalynda jenaýatyň netijesinde jebir çekene ýetirilen maddy zyýanyň öwezini dolmak hakyndaky meseläni kazyýet öz başlangyjy boýunça çözmäge haklydyr.

Eger jenaýatyň wakasynyň anyklanmandygy ýa-da kazyýetde işi seredilýäniň jenaýaty etmäge dahylsyzlygy sebäpli aklaw hökümi çykarylanda, kazyýet hak islegini kanagatlandyrmakdan ýüz döndermek barada netijä gelmelidir.

Kazyýetde işine seredilýäniň hereketinde jenaýatyň düzümininiň ýokdugy sebäpli aklaw hökümi çykarylanda, hak islegi seretmän galdyrylmaga degişlidir.

42. Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 130-njy maddasyna laýyklykda, hökümiň karara gelinýän böleginde maddy subutnamalaryň ykbaly çözülmäge degişlidir. Bu ýagdaýlar hökümiň beýan ediş-delillendiriş böleginde delillendirilmelidir.

Iş kesilene degişli jenaýat gurallary şol zatlaryň gymmatyna garalyp ýok edilýär ýa-da muzdsuz alynýar, jenaýatly ýol bilen gazanylan pullar we beýleki gymmatly zatlar döwletiň haýryna berilýär, ulanylmagy gadagan edilen zatlar degişli edaralara berilýär ýa-da ýok edilýär, hiç-hili gymmaty bolmadyk we peýdalanylyp bilinmejek zatlar ýok edilýär, gyzyklanýan adamlar ýa-da edaralar

haýyş eden halatynda bolsa şolara berilýär, beýleki zatlar eýelerine gaýtarylyp berilýär, olaryň eýeleri takyklanmadyk wagtynda bolsa, döwletiň eýeçiligine geçirilýär, maddy subutnamalar bolup durýan resminamalar işiň saklanylmaly bütin möhletiniň dowamynda işiň ýanynda galdyrylýar ýa-da Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 131-nji maddasynyň 4-nji böleginde göz öňünde tutulan tertipde gyzyklanýan edara ýa-da adama berilýär.

43. Höküm yglan edilenden soň, başlyklyk ediji höküm barada nägilelik tertibinde şikaýat etmegiň ýa-da teklipnama getirmegiň tertibi we möhleti barada kazyýet seljerişine gatnaşyjylara düşündirmelidir. Bu ýagdaýlar bolsa, Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 121-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, kazyýet mejlisiniň teswirnamasynda görkezilmäge degişlidir.

44. Kazyýetler işe seredenlerinde jenaýatyň bolmagyna şert döreden ýagdaýlary we sebäpleri anyklamalydyrlar we olar barasynda, şeýle hem Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 434-nji maddasynda göz öňünde tutulan beýleki esaslar boýunça hususy kesgitnamalary (kararlary) çykarmalydyrlar.

45. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri hökümleriň kanuny we esasly bolmagyna degişli gözegçiligi üpjün etmelidirler. Işlere nägilelik ýa-da gözegçilik tertibinde seredilende, kazyýetler hökümleriň kanunyň talaplaryna laýyk gelýändigini barlamalydyrlar we aşakdaky kazyýetleriň hereket edýän kanunçylygyň talaplaryny bozup çykaran hökümlerini sökmek ýa-da üýtgetmek arkaly, olaryň goýberen ýalňyşlyklaryny düzetmek üçin zerur çäreleri görmelidirler, şunda kesgitnamada ýa-da kararda kazyýetiň goýberen ýalňyşlyklary jikme-jik görkezilmelidir.

46. Şu Kararyň kabul edilmegi bilen “Kazyýetiň hökümi hakynda” Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumynyň 2010-njy ýylyň 20-nji maýyndaky № 2 kararyny güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy G.Hallyýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy J.Açylow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

KARARY № 9

2019-njy ýylyň 19-njy dekabry Aşgabat şäheri

Zähmeti goramagyň kadalarynyň we dag-magdan, gurluşyk ýa-da beýleki işler ýerine ýetirilende howpsuzlyk kadalarynyň bozulmagy baradaky jenaýat işleri boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda

(18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3; 19.07.2025 ý. № 4; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe kazyýetiň ähli işi kanunçylygy we hukuk tertibini üpjün etmäge, raýatlaryň hukuklarynyň hem-de azatlyklarynyň, namysynyň, mertebesiniň goralmagyna, hukuk bozulmalaryna eltýän sebäpleriň we şertleriň ýok edilmegine gönükdirilendir. Munuň özi kazyýetde seredilýän her bir iş boýunça çykarylýan kazyýet kararlarynyň kanuny, esasly we adalatly bolmagy, olaryň wagtynda ýerine ýetirilmegi bilen üpjün edilýär.

Biziň ýurdumyzda zähmeti goramak aýratyn ähmiýete eýe bolup, onuň goragynda durýan ýörite kanunçylyk kadalary hereket edýär.

Zähmeti goramagyň hukuk esaslary Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 49-njy maddasynda "Her bir adamyň zähmete, öz islegine görä hünär, kär we iş ýerini saýlap almaga, zähmetiň sagdyn we howpsuz şertlerine hukugy bardyr" diýen konstitusion kada esaslanýan Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň zähmeti goramak, onuň howpsuzlyk hem sagdynlyk şertlerini üpjün etmek hakyndaky düzgünlerinden hem-de zähmet howpsuzlygyna degişli Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan ybaratdyr.

Kazyýetler tarapyndan şu görnüşdäki käbir jenaýat işleri boýunça kazyýet seljerişiniň ýüzleý geçirilip, subutnamalara ýeterlik derejede baha berilmän, iş kesilenleriň hereketlerine hukuk taýdan nädogry baha berilýändigini we gaýry kemçilikleriň goýberilýändigini kazyýet iş tejribesi görkezdi.

Kazyýetler tarapyndan şeýle görnüşli işlere seredilende, kanunçylygyň dogry ulanylmagyny üpjün etmek maksadyna eýerip, "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Plenum

KARAR EDÝÄR:

1. Zähmeti goramak, munuň özi hukuk, durmuş-ykdysady, guramaçylyk, tehniki, sanitariýa, arassaçylyk, bejeriş-öňüni alyş, dikeldiş we howpsuz zähmet şertlerini üpjün etmäge gönükdirilen beýleki çäreleri, serişdeleri we usullary öz içine alyp, zähmet çekmegiň barşynda işgärleriň ömrüniň we saglygynyň howpsuzlygyny üpjün edýän ulgamdyr.

2. Zähmet şertleri, munuň özi işiň barşynda işgäriň janyna ýa-da saglygyna we işe ukyplylygyna täsir edýän önümçilik gurşawynyň we zähmet ýagdaýlarynyň jemidir.

3. Her bir işgäriň howpsuzlyk we arassaçylyk talaplaryna jogap berýän zähmete bolan hukugy Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 173-nji maddasynda, zähmeti goramak babatdaky borçlary bolsa, Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 192-nji maddasynda görkezilendir.

4. Döwlet zähmeti goramak babatda işgärleriň hukuklaryny goramagy kepillendirýär we zähmeti goramak boýunça talaplaryň berjaý edilmegine döwlet gözegçilik barlagyny we gözegçiligi amala aşyrýar.

5. Kärhanada zähmeti goramagy üpjün etmek boýunça borçlar iş berijiniň üstüne ýüklenip, olaryň sanawy Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 178-nji maddasynda görkezilendir.

Ähli kärhanalarda, edaralarda, guramalarda howpsuzlygyň we arassaçylygyň talaplaryna laýyk gelýän zähmet şertleri döredilmelidir. Şeýle şertleriň döredilmegi iş berijiniň borjuna girýär.

6. Önümçilikde bolan betbagtçylykly hadysalary derňemegiň we hasaba almagyň Tertibi Türkmenistanyň Prezidentiniň 2016-njy ýylyň 20-nji maýyndaky 14780 belgili Karary bilen tassyklanandyr.

Şol Tertibe laýyklykda, iş beriji önümçilikdäki betbagtçylykly hadysalaryň öz wagtynda derňewini we hasaba almagyny geçirmäge, derňewiň gutaran gününden başlap, üç günden gijä galman, betbagtçylyk hadysa hakyndaky ykrarnamany jebir çekene, ol ölen mahalynda bolsa, onuň maşgalasyna (maşgala agzalaryna), kanuny wekiline bermäge borçludyr.

Ýokardaky görkezilen Tertip eýeçiligiň görnüşine garamazdan, ähli kärhanalar, guramalar, edaralar, şeýle hem ýuridik şahsy döretmezden, telekeçilik işini amala aşyrýan, hakyna tutma zähmeti ulanýan we işgär bilen zähmet gatnaşyklaryna girýän şahsy taraplaryň (iş berijiniň) ýerine ýetirmegi üçin hökmanydyr.

Şol Tertibiň harby gullukçylaryň harby gulluk borçlaryny ýerine ýetiren wagtynda bolan betbagtçylykly hadysalary derňemegi, resmileşdirmegi we hasaba almagy düzgünleşdirmeýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

7. Önümçilikde bolan betbagtçylykly hadysalar derňelende we hasaba alnanda ýokardaky görkezilen Tertibiň talaplarynyň berjaý edilişine döwlet gözegçiligi “Türkmenstandartlary” Baş döwlet gullugy we onuň garamagyndaky edaralar tarapyndan amala aşyrylýar.

Önümçilikde bolan betbagtçylykly hadysalary derňemek, resmileşdirmek we ony hasaba almak boýunça meseleler baradaky gapma-garşylyklar, iş beriji (onuň ygtyýarlandyrylan wekili) tarapyndan betbagtçylykly hadysanyň ykrar edilmezligi, betbagtçylykly hadysanyň derňewini geçirmekden hem-de degişli namany düzmekden ýüz öwrülmegi we jebir çekeniň ýa-da onuň ynanylan wekiliniň şol namanyň mazmuny bilen ylalaşmazlygy, zähmeti goramak babatda ýerine ýetiriji häkimiýetiň degişli edaralary, kärdeşler arkalaşygy tarapyndan seredilýär. Olaryň kararlary kazyýete şikaýat edilip bilner. Şeýle halatlarda şikaýat edilmegi iş beriji (onuň ygtyýarlandyrylan wekili) tarapyndan bu edaralaryň kararlarynyň ýerine

ýetirilmezligi üçin esas bolup bilmeýär.

8. Tehniki howpsuzlyk kadalaryny ýa-da zähmeti goramagyň başga kadalaryny berjaý etmek boýunça borçlar ýüklenen adam tarapyndan bu kadalaryň bozulandygy üçin, eger bu etmiş adam saglygyna agyr zyýanyň ýetirilmegine getiren bolsa, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 149-njy maddasynyň degişli bölekleri, dag-magdan, gurluşyk ýa-da başga işler geçirilýän mahalynda howpsuzlyk düzgünleri bozulyp, seresapsyzlyk zerarly adamlaryň saglygyna agyr zyýan ýetirilmegine elten, şonuň ýaly hereket, seresapsyzlyk sebäpli adamyň ölümine ýa-da başga agyr netijelere getiren bolsa, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 311-nji maddasynyň degişli bölekleri, gurluşyk guramalarynyň ýolbaşçylary, işleri ýerine ýetirijiler we gurluşygyň hiline gözegçiligi amala aşyrýan wezipeli adamlar tarapyndan ýaramaz hilli gurlan, tamamlanylmadyk ýa-da şertnamanyň we taslama resminamalarynyň şertlerine laýyk gelmeýän binalaryň we desgalaryň, awtomobil ýollarynyň, ýerasty geçelgeleriň, elektrostansiýalaryň, ýaşaýyş jaýlarynyň ýa-da gaýry gurluşyk obýektleriniň ulanylmaga tabşyrylanlygy ýa-da kabul edilenligi, şonuň ýaly-da olarda pes hilli bejeriş işleriniň geçirilenligi sebäpli, seresapsyzlykdan adamyň saglygyna agyr zyýan ýetirilmegine, şonuň ýaly etmişler seresapsyzlykdan adamyň ölmegine ýa-da başga agyr netijelere, ýa-da şeýle etmişler seresapsyzlykdan iki ýa-da şondan köp adamyň ölmegine getiren bolsa, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 312-nji maddasynyň degişli bölekleri, binagärlik, şäher gurluşyk we gurluşyk işi çygrynda kadalaryň we düzgünleriň bozulmagynyň netijesi seresapsyzlykdan adamyň ölmegine ýa-da başga agyr netijelere getiren, ýa-da seresapsyzlykdan iki ýa-da şondan köp adamyň ölmegine getiren bolsa, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 313-nji maddasynyň degişli bölekleri bilen jogapkärçilik çekýär.

9. Dag-magdan, gurluşyk ýa-da beýleki işler ýerine ýetirilende, zähmeti goramak we howpsuzlyk kadalarynyň bozulmagy baradaky işler derňelende ýa-da şeýle görnüşdäki işlere kazyýet mejlisinde seredilende, günäkäriň hereketlerine (hereketsizligine) hukuk taýdan dogry baha bermek maksady bilen, tehniki howpsuzlyk kadalaryny ýa-da zähmeti goramagyň başga kadalaryny berjaý etmek boýunça borçlar ýüklenen adam tarapyndan bu kadalaryň, dag-magdan, gurluşyk ýa-da başga işler geçirilýän mahalynda howpsuzlyk düzgünleri bozulandygy baradaky gelnen netije aýdyňlaşdyrylyp, haýsy ýagdaýlarda günäkäriň hereketleriniň (hereketsizliginiň) Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 149-njy, 311-314-nji maddalarynyň degişli böleklerіniň alamatlaryny döredýändigini anyklamagyň zerurdygyny düşündirmeli.

10. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 149-njy, 311-314-nji maddalarynyň dispozisiýalarynda beýan edilenler salgylanma (döwlet edaralaryna hem-de wezipeli adamlara kadalaşdyrylýan meseläniň düzgünlerini özbaşdak kesgitlemäge ygtyýar berýän hukuk) düzgünlere degişli bolýandygy sebäpli, tehniki howpsuzlyk kadalarynda ýa-da zähmeti goramagyň beýleki meselelerinde takyk ýerine ýetirilýän işlere degişli kadalaşdyrylan ýa-da buýruk bilen tassyklanan düzgünler ulanylmalydyr. Şunda gurluşyk işlerine degişli kadalaryň we beýleki kanunçylyk namalarda görkezilen döwlet standartynyň, gurluşyk kadalarynyň we beýleki düzgünleriniň bozulmagy “Binagärlik işi hakynda” we “Şähergurluşyk işi hakynda”

Türkmenistanyň kanunlary bilen düzgünleşdirilýändigine üns bermeli.

Dag-magdan işleriniň gazylyp alynýan bölegi howply senagat önümçilik desgasy hasap edilýär we şol işleriň hukuk esaslary "Howply önümçilik desgalarynyň senagat howpsuzlygy hakynda" Türkmenistanyň Kanuny bilen düzgünleşdirilýär. Onuň 1-nji goşundysynyň 5-nji bendine laýyklykda, howply önümçilik desgalaryna dag-magdan işleri (muňa umumy ýaýran peýdaly baýlyklaryň gazylyp alynmagy we partlaýyş işlerini ulanmazdan açyk usul bilen amala aşyrylýan gazylyp alynýan ürgün haldaky peýdaly baýlyklaryň känleriniň işlenip taýýarlanylmagy girmeýär), gazylyp alynýan peýdaly baýlyklary baýlaşdyrmak boýunça işler, şeýle hem ýerasty şertlerde alnyp barylýan işler giryär. Oňa görä-de, dag-magdan işleriniň düzgünlerine degişli meseleler agzalan Kanunyň düzgünleri esasynda çözülmäge degişlidir.

Dag-magdan işleriniň gazylyp alynýan bölegi howply senagat önümçilik desgasyna degişli bolýandygy üçin howpsuzlyk seljermesi obýektleriniň dag-magdan işlerine bildirilýän senagat howpsuzlygynyň talaplaryna laýyklykda kesgitlenmelidir.

Şol Kanundaky dag-magdan işleri barada görkezilenlere diňe bir onuň howply önümçiliginiň görnüşi däl, eýsem, şol işiň gaýry ýagdaýlarda alnyp barylmagyna hem degişlidir. Şu maddada görkezilen jenaýatyň agyr netijeleri gaýry howpsuzlyk düzgünleriniň bozulmagy bilen hem baglanyşykly bolýandygy sebäpli, jogapkärçilik diňe şu madda boýunça ýüze çykmalydyr we goşmaça partlama howply desgalarda howpsuzlyk düzgünleriniň bozulmagy bilen (şu Kodeksiň 316-njy maddasy) maddalaşdyrylyp bilinmez.

Gurluşyk işleri barada görkezilenlere ýaşaýyş jaý, önümçilik, kömekçi, ýörite desgalaryň gurluşygyna, şeýle-de desgalaryň we jaýlaryň içki hem daşgy görnüşiniň düýpli bejeriş işleriniň geçirilmegine, durkuny täzelenmeklige (rekonstruksiýa edilmegine), dikeldilmegine we düýpli abatlaýyş işleriniň alnyp barylmagyna düşünmek bolar.

Eger bu kadalar (şol sanda zähmeti goramak kadalary hem) dag-magdan, gurluşyk işleri geçirilende bozulan halatynda onda ol hereketler, degişlilikde Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 311-314-nji maddalarynyň degişli bölekleri bilen maddalaşdyrylmaga degişlidir.

Şeýle ýagdaýlarda ýokarda görkezilen maddalarda göz öňünde tutulan hereketleriň (hereketsizlikleriň) aýratynlyklaryny anyklamak üçin degişli bilermenler seljermesiniň netijesini almak zerurdyr.

11. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 311-nji maddasynyň 2-nji bölegi, 312-nji maddasynyň 2-nji bölegi, 313-nji maddasynyň 1-nji bölegi, 314-nji maddasynyň 1-nji bölegi bilen, agyr netijelere getiren alamaty boýunça eger jenaýatyň netijesinde uly hadysanyň bolmagy, ulaglaryň ýa-da önümçiliginiň uzak wagtlap saklanmagy, kärhananyň ýa-da edaranyň işiniň düýpli bozulmagy, aýratyn uly möçberde maddy zyýanyň ýetirilmegi, adamynyň ölmegi, öz-özüni öldürmegi ýa-da öz-özüni öldürmek kastyna düşmegi, ýa-da saglyga agyr zyýanyň ýetirilmegi we ş.m. ýaly ýagdaýlarda maddalaşdyrylyp bilner. Şunda görkezilen zyýanyň netijelerinden başga-da, beýleki alamatlarynyň hem bolmagy hökmanydyr.

12. Bu jenaýatyň subýekti ýörite tehniki howpsuzlyk kadalaryny ýa-da zähmeti goramagyň başga kadalaryny berjaý etmek boýunça borçlar ýüklenen, şeýle hem kadalaşdyryjy hukuknamasy, gaýry hukuk namalary, ýörite buýruk bilen tehniki howpsuzlygyň hem-de zähmeti goramagyň düzgünlerini berjaý etmek üçin ýörite borçlar ýüklenen adam bolup biler. Oňa görä-de, kazyýetde işi seredilýäniň günäli hereketleriniň (hereketsizlikleriniň) haýsy kadalarynyň bozulmagy bilen baglydygy takyk görkezilmelidir hem-de ol anyk subutnamalaryň esasynda tassyk bolmalydyr.

Zähmeti goramagyň kadalarynyň we dag-magdan, gurluşyk ýa-da beýleki işler ýerine ýetirilende howpsuzlyk kadalarynyň bozulmagy baradaky jenaýat işleriniň subýekti Türkmenistanyň raýatlaryndan başga-da, daşary ýurtlar raýatlary, şeýle-de raýatlygy bolmadyk adamlar hem bolup bilerler.

Howpsuzlyk kadalarynyň ýa-da zähmeti goramagyň beýleki kadalarynyň berjaý edilmegine borçly bolan adamlar, olaryň işleýän kärhanalarynyň, eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan, bu kadalaryň bozulmalary üçin kanunda göz öňünde tutulan jogapkärçilige çekilmäge degişlidigini kazyýetlere düşündirmeli.

13. Wezipe derejesine laýyklykda ýa-da ýörite buýruk boýunça işleriň belli bir böleginde howpsuzlyk ýa-da zähmeti goramak kadalaryň we düzgünleriň berjaý edilmegi üçin jogapkärçilik göni üstüne ýüklenen adamlar, şeýle hem kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň ýolbaşçylary, olaryň orunbasarlary, kärhanalaryň baş inženerleri, baş hünärmenleri, eger-de olar özlerine öňünden mälim bolan howpsuzlyk kadalarynyň bozulmalarynyň öňüni almak üçin çäreleri görmedik ýa-da şol kadalara garşy gelýän görkezmeleri beren ýagdaýlarynda, ýa-da işleriň aýratyn görnüşlerine göni ýolbaşçylyk etmek borjuny öz üstüne alyp, görkezilen kadalaryň berjaý edilmegini üpjün edip bilmedik halatlarynda, olar degişlilikde Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 149-njy, 311-314-nji maddalarynyň degişli bölekleri bilen jogapkärçilige çekilmäge degişlidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

14. Beýleki ýagdaýlarda, howpsuz zähmet şertlerini döretmek babatynda öz wezipe borçlaryny talabalaýyk ýerine ýetirmezlikde günäkär adamlar wezipe jenaýatlary üçin jogapkärçilik çekip bilerler (mysal üçin, degişli gözükdirmeleri işläp taýýarlamak çärelerini görmezlik, zähmeti goramak kadalary we düzgünleri berjaý etmek üçin şertleri döretmezlik, olaryň berjaý edilişine talabalaýyk gözegçilik etmezlik).

15. Dag-magdan, gurluşyk işlerinde ýa-da başga obýektlerde ulanylýan ýa-da özi ýöreýän ýörite tehnikalary (ekskawator, greýder, skreper we ş.m.) ýa-da beýleki ulag serişdelerini ulanmak bilen, olary dolandyran adam kesgitli işleri geçirmegiň kadalaryny, howpsuzlyk kadalaryny ýa-da zähmeti goramagyň beýleki kadalaryny bozan hem bolsa, ol bozulmalaryň tehnikalaryň, ulag serişdeleriniň hereket edýän wagty bolýandygyny nazara alyp, günäkäriň hereketleri Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 364-nji maddasynyň degişli bölekleri bilen maddalaşdyrylmaga degişlidir.

16. Günäkäriň niýeti jenaýatçylykly netijäni gazanmaga gönükdirilip, şol niýeti amala aşyrmagyň usuly zähmeti goramak we işleriň howpsuzlygyny üpjün etmek kadalaryň bozulmagyna getirýän ýagdaýlar bilkastlaýyn hereketler bilen bagly bolan jenaýat hökmünde baha berilmäge degişli bolup, onuň hereketleri

şahsyýete gönükdirilen hereketler diýip netijä gelip, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň degişli maddalary bilen maddalaşdyrylmalydygyny düşündirmeli.

17. Zähmeti goramagyň kadalarynyň we dag-magdan, gurluşyk ýa-da beýleki işleri ýerine ýetirilende, howpsuzlyk kadalarynyň bozulmagy baradaky jenaýat işler derňelende we kazyýet mejlisinde seredilende, agzalan bozulmalar bilen dörän zyýanly netijeleriň arasyndaky sebäpli baglanyşygy öwrenmekligiň netijesinde jebir çekeniň wakada bolan orny hem anyklanylmalydyr. Önümçilikdäki heläkçilikli bolan waka jebir çekeniň günäsi bilen bolandygy anyklanan ýagdaýynda, kazyýet kazyýetde işi seredilýän barada aklaw hökümini çykarmak barada meseläni çözmelidir.

18. Eger wakanyň bolmagynda wezipeli adamyň günäsi subut bolan halatynda, oňa jeza bellenende bolan wakada jebir çeken tarapyndan goýberilen howpsuzlyk kadalarynyň bozulmalary hem göz öňünde tutulyp bilner.

19. Aýyplaw hökümi çykarylanda, iş boýunça bildirilen raýat hak isleginiň hem çözülmelidigi barada kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Işi seljermegi gaýra goýman ýa-da goşmaça maglumatlary toplaman, raýat hak islegi boýunça jikme-jik hasaplaşyk geçirmek mümkin bolmasa we şunda zyýanyň möçberi jenaýat işiniň dogry çözülmegine täsir etmeýän bolsa, onda kazyýet jebir çekeniň raýat kazyýet önümçiligi tertibinde kazyýete ýüz tutmaga hukugynyň bardygyny düşündirýär.

Eger raýat hak islegi boýunça zyýanyň möçberi aýyplaw hökümi çykarylmanka tölenen bolsa, onda bu barada jedeliň we işe kazyýetde seretmek zerurlygynyň aradan aýrylandygy sebäpli, Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň kadalaryna laýyklykda, hökümiň karara gelinýän böleginde raýat hak islegi kanagatlandyrylan diýip görkezilmelidir.

Eger jenaýatçylykly hereketleriň (hereketsizlikleriň) netijesinde jebir çeken adamlaryň saglygyny lukmançylyk edaralarynda ýatymlaýyn bejermek üçin sarp edilen serişdeleri töletmek, jenaýatyň netijesinde jebir çekene ýetirilen maddy zyýanyň öwezini dolmak hakynda raýat hak islegi bildirilmedik bolsa, kazyýet höküm çykaran mahalynda, şu görkezilen serişdeleri töletmek hakyndaky meseläni öz başlangyjy boýunça çözmäge haklydyr (Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 194-nji maddasynyň 3-nji bölegi, 196-njy maddasynyň 5-nji bölegi).

Eger jenaýatyň wakasynyň anyklanmandygy ýa-da kazyýetde işi seredilýäniň jenaýaty etmäge dahylsyzlygy sebäpli, aklaw hökümi çykarylanda, kazyýet hak islegini kanagatlandyrmakdan ýüz döndermek barada netijä gelmelidir.

Kazyýetde işine seredilýäniň hereketinde (hereketsizliginde) jenaýatyň düzüminiň ýokdugy sebäpli aklaw hökümi çykarylanda, hak islegi seretmän galdyrylmaga degişlidir.

20. Günäkäre jeza çäresi bellenende, kazyýetler edilen jenaýatyň häsiýetini we getiren netijesiniň agyrdygyny nazara almalydyrlar, şunda adamlaryň ölmegine ýa-da beýleki agyr netijeleriň bolmagyna getiren zähmeti goramagyň, tehniki howpsuzlygyň we gurluşyk işlerini alyp barmagyň düzgünleriniň bozulan halatynda olara goşmaça jeza çäresini ulanmak meselesini hem ara alyp maslahatlaşmalydyrlar.

21. Kazyýetler şeýle görnüşli işlere seredenlerinde jenaýatyň bolmagyna şert döreden ýagdaýlary we sebäpleri anyklap, olar barasynda, şeýle hem Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 434-nji maddasynda göz öňünde tutulan beýleki esaslar boýunça hususy kesgitnamalary (kararlary) çykarmalydyrlar.

22. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri nägilelik ýa-da gözegçilik tertibinde şeýle görnüşli işlere seredilende, kazyýetler tarapyndan kanunyň talaplarynyň berjaý edilýändigini barlamalydyrlar we aşakdaky kazyýetleriň hereket edýän kanunçylygyň talaplaryny bozup çykaran hökümlerini sökmek ýa-da üýtgetmek arkaly, olaryň goýberen ýalňyşlyklaryny düzetmek üçin zerur çäreleri görmelidirler, şunda kesgitnamada ýa-da kararda kazyýetiň goýberen ýalňyşlyklary jikme-jik görkezilmelidir.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy G.Hallyýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy J.Açylow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

KARARY № 10

2019-njy ýylyň 19-njy dekabry Aşgabat şäheri

Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň buýruk önümçiligi baradaky düzgünleri ulanmakda käbir meseleler hakynda

(17.02.2024 ý. № 3; 19.07.2025 ý. № 4; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetme we goşmaça bilen)

Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň buýruk önümçiligi baradaky düzgünlerini kazyýetler tarapyndan dogry we birmeňzeş ulanmaklygy üpjün etmek üçin, "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, kazyýetlere ugrukdyryjy düşündirişleri bermek maksady bilen, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy

KARAR EDÝÄR:

Buýruk önümçiligi tertibinde bildirilýän talaplar

1. Buýruk önümçiligi – kazyýet mejlisini geçirmezden we taraplary çagyrmazdan, Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň (mundan beýläk Türkmenistanyň RIÝK) 138-nji maddasynda göz öňünde tutulan jedelsiz talaplar boýunça bergidardan pul möçberini tutup almak, gozgalýan emlägi talap etmek ýa-da jedelsiz esaslar boýunça hususy eýeçilikdäki gozgalmaýan emläkden peýdalanmakda döreýän päsgelçiligi aradan aýyrmak hakyndaky arzalar boýunça önümçilik buýruk önümçiligi bolup durýar.

2. Kazyýet buýrugy hakynda kesgitnama çykarylýan talaplar boýunça kazyýet buýrugy hakynda kesgitnamany çykarmak baradaky arza bilen raýatlar – fiziki şahslar, hususy telekeçiler, döwletiň ygtyýarly guramalary, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralar we beýleki guramalar ýüz tutmaga hukuklydyrlar.

3. Buýruk önümçiligi tertibinde bildirilýän talaplar jedelsiz bolmalydyr.

Jedelsiz talaplar diýlip, hakykylygyna şübhe döretmeýän, subutnamalar bilen tassyk bolýan, şeýle hem bergidar tarapyndan ykrar edilen talaplardyr.

4. Kazyýet buýrugy hakynda kesgitnama çykarmak tertibinde bergidardan tutulyp alynmaly pul möçberi, esasy berginiň möçberinden, şeýle-de kanun we şertnama esasynda hasaplanylýan puşmana pulunyň möçberinden ybaratdyr.

Kazyýet buýrugy hakyndaky kesgitnamany çykarmak baradaky arzada puluň möçberi kesgitli möçberde görkezilmelidir we kesgitnamanyň berilýän senesi bilen, şeýle-de pul borçnamasynyň hakyky ýerine ýetirilmegi bilen baglylykda täzeden hasaplanylmaga degişli däldir.

Jedelsiz esaslar boýunça hususy eýeçilikdäki gozgalmaýan emläkden peýdalanmakda döreýän päsgelçiligi aradan aýyrmak hakyndaky arzalar boýunça ýaşaýyş jaýyna eýeçilik hukugy ýaşaýyş jaýynyň eýesiniň erkine görä bes edilende (satmak, sowgat etmek), ýaşaýyş jaýynyň täze eýesine döredilýän päsgelçiligi aradan aýyrmaklygy we ýaşaýyş jaýynyň öňki eýesiniň maşgala agzalarynyň, onuň öňki maşgala agzalarynyň we wagtlaýyn ýaşaýjylaryň şol ýaşaýyş jaýyndan peýdalanmak hukugyny ýitiren diýip bilmekligi Türkmenistanyň ÝJK-nyň 58-nji maddasynyň 1-nji böleginiň we 60-njy maddasynyň 2-nji böleginiň, Türkmenistanyň RK-nyň 196-njy maddasynyň 2-nji böleginiň, Türkmenistanyň RIÝK-nyň 137-nji, 138-nji maddalarynyň özara baglanyşykly düzgünlerinden ugur alyp, kazy kazyýet buýrugy hakynda kesgitnama çykarýar.

5. Notarius tarapyndan amala aşyrylan tölegsizlikde, akseptsizlikde we sene goýulmadyk akseptde wekseliň garşylyknamasyna esaslanan talap boýunça kazy tarapyndan Türkmenistanyň RIÝK-nyň 138-nji maddasynyň 3-nji bendi esasynda kazyýet buýrugy hakynda kesgitnama çykarylyp bilner.

6. Bergini tutup almak barada talap boýunça, şol sanda şertnama esasynda ýaşaýyş jaýy bolup durmaýan jaýlaryň we jemagat hyzmatlarynyň tölegleri Türkmenistanyň RK-nyň 236-njy maddasynyň 5-nji bendiniň, Türkmenistanyň ÝJK-nyň 98-nji maddasynyň, Türkmenistanyň RIÝK-nyň 138-nji maddasynyň 7-nji bendiniň özara baglanyşykly düzgünlerinden ugur alyp, kazy kazyýet buýrugy hakynda kesgitnama çykarýar.

Türkmenistanyň RIÝK-nyň 138-nji maddasynyň 8-nji bendine laýyklykda, telefon aragatnaşykdan başga aragatnaşygyň beýleki görnüşleriniň hyzmaty üçin tölegleri almak barada kazy tarapyndan kazyýet buýrugy hakynda kesgitnama çykarylýar.

7. Şertnamanyň ýerine ýetirilmezligi (talaba laýyk ýerine ýetirilmändigi) bilen baglylykda, hususan-da ýetirilen zyýany, moral taýdan ýetirilen zeleli, şertnamany ýatyrmak, geleşigi hakyky däl diýip ykrar etmek baradaky talaplara buýruk önümçiligi tertibinde seredilmäge degişli däldigini kazyýetlere düşündirmeli.

Buýruk önümçiliginiň kazyýetlere berilişiniň tertibi (düzgünleri)

8. Kazyýet buýrugy hakynda kesgitnama çykarmak baradaky arza Türkmenistanyň RIÝK-da bellenilen kazyýete degişliliginiň umumy kadalary boýunça kazyýete berilýär. Türkmenistanyň RIÝK-nyň I bölüminiň 4-nji babynda we III bölüminiň I kiçi bölüminiň 12-nji babynda göz öňünde tutulan düzgünleri berjaý etmek bilen algydaryň saýlamagy boýunça kazyýete degişlilik we şertnamalaýyn degişlilik düzgünleri hem ulanylmaga degişlidir (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 38-nji, 39-njy we 41-nji maddalary).

9. Ynanç hatynda wekiliň hak isleýiş arza (arza) gol çekmek we ony kazyýete tabşyrmak hukugynyň bardygy barada görkezilmegi kazyýet buýrugy hakynda kesgitnama çykarmak baradaky arza hem gol çekmäge we kazyýete tabşyrmaga hukugynyň bardygyny aňladýar (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 54-nji we 134-nji maddalary).

10. Kazyýet buýrugy hakynda kesgitnama çykarmak baradaky arzada Türkmenistanyň RIÝK-nyň 140-njy maddasynda görkezilen hökmany maglumatlar bolmalydyr.

Pul möçberini almak, şonuň ýaly-da gozgalýan emlägi talap etmek baradaky arza bilen birlikde borçnamanyň we ony ýerine ýetirmegiň möhletiniň gelendigini tassyklaýan resminamalar (mysal üçin şertnama ýa-da dil haty) hem kazyýetiň ygtyýaryna berilmelidir.

11. Kazyýet buýrugy hakynda kesgitnama çykarmak baradaky arza degişli tertipde we möçberde döwlet pajynyň tölenendigini tassyklaýan resminama goşulmalydyr (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 84-nji, 141-nji maddalary we 150-nji maddasynyň 2-nji bölegi).

Kazyýet buýrugy hakynda kesgitnama çykarmak baradaky arza bilen bir wagtda döwlet pajyny tölemegiň möhletini yza süýşürmek, möhletlere bölmek, olaryň möçberini azaltmak, ony tölemekden boşatmak barada arza hem berlip bilner. Şol arzanyň kanagatlandyrylandygy barada kazyýet buýrugy hakynda kesgitnamada görkezilýär. Döwlet pajyny tölemegiň möhletini yza süýşürmek, möhlete bölmek, olaryň möçberini azaltmak, ony tölemekden boşatmak barada haýyşnama kanagatlandyrylmadyk ýagdaýynda, kazyýet tarapyndan kazyýet buýrugy hakyndaky arzany yzyna gaýtarmak barada kesgitnama çykarylýar (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 7-nji maddasynyň 3-nji bölegi, 142-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 5-nji bendi).

12. Kazyýet buýrugy hakynda kesgitnama çykarmak baradaky arza seredilende kazy aşakdaky kazyýet kararlarynyň haýsy hem bolsa birini çykarýar: kazyýet buýrugy hakynda kesgitnama, kazyýet buýrugy hakyndaky kesgitnamany çykarmak baradaky arzany kabul etmekden ýüz döndermek barada kesgitnama.

Kazyýet buýrugy hakynda kesgitnama çykarmak baradaky arza hereketsiz galdyrylmaga, seretmän galdyrylmaga degişli däldir, buýruk önümçiligi bes edilip bilinmeýär. Kazyýet buýrugy hakynda kesgitnama çykarmak baradaky arza boýunça, şeýle kesgitnamany çykarmakdan ýüz döndermek barada kesgitnama çykarylyp bilinmez.

13. Kazyýet, kazyýet buýrugy hakynda kesgitnama çykarmak baradaky arzany Türkmenistanyň RIÝK-nyň 142-nji maddasy esasynda yzyna gaýtarýar, şol sanda şeýle ýagdaýlarda:

1) eger döwlet pajyny tölemekligi yza süýşürmek, möhlete bölmek, döwlet pajynyň möçberini azaltmak, ony tölemekden boşatmak baradaky haýyşnama kanagatlandyrylmadyk bolsa;

2) eger algydaryň talaby birnäçe şertnamalaryň ýerine ýetirilmezliginden ýa-da talaba laýyk ýerine ýetirilmeýändiginden gelip çykýan bolsa, raýdaş bergidarlara bildirilen talaplar muňa girmeýär, mysal üçin esasy bergidara we zamun bolana;

3) eger kazyýet buýrugy hakynda kesgitnama çykarmak baradaky arzada talap birnäçe paýly bergidarlara bildirilen bolsa;

4) eger algydaryň görkezen möçberi arza goşulan resminamalar bilen tassyk bolýan möçberden kän bolsa;

Kazy tarapyndan kazyýet buýrugy hakynda kesgitnama çykarmak baradaky arzanyň Türkmenistanyň RIÝK-nyň 142-nji maddasynyň 1-nji böleginde görkezilen esaslar boýunça gaýtarylmagy, arzanyň gaýtarylmagyna esas bolan kemçilikler düzedilenden soň, gaýtadan şeýle talap bilen ýüz tutmaklyga päsgelçilik döretmeýär.

Kazyýet buýrugy hakynda kesgitnama çykarmak baradaky arza, kesgitnama çykarmak arkaly gaýtarylýar.

14. Kazy, kazyýet buýrugy hakynda kesgitnama çykarmak baradaky arzany Türkmenistanyň RIÝK-nyň 142-nji maddasynyň 2-nji bölegi esasynda kabul etmekden ýüz dönderýär, şol sanda:

1) eger Türkmenistanyň RIÝK-nyň 138-nji maddasynda göz öňünde tutulan talaplar bilen birlikde agzalan maddada görkezilmedik talaplar bildirilen bolsa (mysal üçin, şertnamany ýatyrmak, moral taýdan ýetirilen zeleli almak);

2) eger kazyýet buýrugy hakynda kesgitnama çykarmak baradaky arza bilen we oňa goşulan resminamalar bilen algydardan we bergidardan başga şahslaryň hukugy we kanuny bähbidi bilen bagly bolsa kazyýet buýrugy hakynda kesgitnama çykarmak baradaky arza üpjünçiligi üpjün eden raýdaş paýly bergidarlaryň we beýleki şahslaryň bolmagy, şeýle arzany kabul etmekden ýüz döndermeklige esas bolmaýar;

3) eger iş boýunça önümçiligi bes etmeklige esas bolýan ýagdaýlar anyklanylsa (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 7-nji maddasynyň 3-nji bölegi, 259-njy maddasy);

Arzany kabul etmekden ýüz döndermek, şol talap boýunça arza berijiniň hak isleýiş önümçiliginiň tertibinde hak islegini bildirmek mümkinçiligine päsgel bermeýär (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 142-nji maddasynyň 3-nji bölegi).

15. Kazyýet buýrugy hakynda kesgitnama çykarmak baradaky arzany gaýtarmak we kazyýet buýrugy hakynda kesgitnama çykarmak baradaky arzany kabul etmekden ýüz döndermek hakyndaky kesgitnamalara Türkmenistanyň RIÝK-nyň 381-nji, 382-nji maddalarynda göz öňünde tutulan tertipde we möhletde şikaýat edilip ýa-da teklipnama getirilip bilner.

16. Kazyýet buýrugy hakynda kesgitnama çykarmak baradaky arzany gaýtarmaklyga ýa-da ony kabul etmekden ýüz döndermeklige esaslar kazy tarapyndan üç günüň içinde anyklanmalydyr we kesgitnama çykarylmalydyr (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 142-nji maddasynyň 2-nji bölegi).

Eger kazyýet buýrugy hakynda kesgitnama çykarmaklyga päsgel berýän esas ýüze çykarylsa, şol sanda algydardan arzany gaýtarmak barada haýyşnama gelip gowuşsa, görkezilen möhletiň gutarmagy kazyýet buýrugy hakynda kesgitnama çykarmak baradaky arzany gaýtarmak ýa-da ony kabul etmekden ýüz döndermek barada kesgitnama çykarmaklyga päsgel bermeýär.

17. Kazyýet buýrugy hakynda kesgitnama kazy tarapyndan kazyýete arzanyň berlen gününden başlap ýedi günüň dowamynda kazyýet mejlisini geçirmezden we taraplary çagyrmazdan çykarylýar.

Buýruk önümçiliginde taraplary, üçünji taraplary, şaýatlary, bilermenleri, hünärmenleri, terjimeçileri we ş.m gatnaşdyrmaklyga ýol berilmeýändigine, ýöne zerurlyk ýüze çykan halatynda kazynyň üç günüň dowamynda goşmaça

resminamalary (bergidaryň aýlyk girdejisi baradaky, Türkmenistanyň çäginden daşyna çykmak we Türkmenistanyň çägine gaýdyp gelmek baradaky maglumatlary we ş.m.) talap edip bilýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

18. Kazyýet buýrugy hakynda kesgitnama ýörite blankada taýýarlanyp, oňa kazy tarapyndan gol çekilip, kazyýetiň önümçiliginde galdyrylýar. Bergidar üçin kazyýet buýrugy hakynda kesgitnamanyň nusgasy taýýarlanylýar (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 145-nji maddasynyň 3-nji bölegi).

Kazyýet buýrugy hakynda kesgitnamada, talabyň kanagatlandyrylmagy üçin esas bolan kanundan başga-da bergidaryň jogapkärçiligini görkezýän resminama barada hem görkezilip bilner.

19. Eger kazynyň ygtyýarynda bergidara kazyýet buýrugy hakynda kesgitnamanyň nusgasynyň gowşurylandygy hakynda buýurmaly hat bilen habar berlendigi barada subutnamalar bolsa (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 109-njy maddasynyň 1-nji bölegi) bergidar ony alan hasap edilýär. Şeýle-de, Türkmenistanyň RIÝK-nyň 112-nji maddasynyň 2-nji böleginde göz öňünde tutulan ýagdaýlar bolanda, şeýle hasap edilýär.

20. Eger bergidardan bildirilen talabyň garşysyna bellenilen möhletde (on bäş gün) närazylyk gelip gowuşsa, kazyýet buýrugy hakyndaky kesgitnama kazy tarapyndan sökülmäge degişli (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 147-nji maddasy).

Kazyýet buýrugy hakyndaky kesgitnamany sökmek barada kesgitnama çykarylýar we ol şikaýat edilmäge degişli däldir.

21. Bergidar tarapyndan bildirilen talabyň garşysyna närazylygyny bildirmegiň on bäş gün möhletiň geçip başlamagy, kesgitnamanyň nusgasyny alan gününden ýa-da kazyýet habarlaryny poçta aragatnaşygy edaralary tarapyndan kesgitlenen möhlet gutaran gününden başlanýar (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 146-njy maddasy).

22. Bildirilen talabyň garşysyna närazylygyny bildirmek üçin on bäş gün möhleti geçirilen ýagdaýynda, bergidar şeýle närazylygy şol möhlet geçirilenden soň hem bermäge haklydyr, ýöne şol möhletde närazylygy bermegiň möhleti özüne bagly bolmadyk sebäpler bilen geçirilendigi esaslandyrylan bolmalydyr.

Özüne bagly bolmadyk sebäpler närazylygy bildirmek möhletiniň içinde bolan bolmaly we şol sebäpleriň aradan aýrylan gününden on bäş gün möhletde närazylyk iberilen bolmaly.

Bergidaryň närazylygynyň kabul edilmegine esas bolan ýagdaýlar kazyýet buýrugy hakyndaky kesgitnamany sökmek baradaky kesgitnamada görkezilmelidir.

23. Kazyýet buýrugy hakyndaky kesgitnama çykarmak baradaky arza gaýtarylan ýagdaýynda, ony kabul etmekden ýüz dönderilen ýagdaýynda tölenen döwlet pajy “Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň bitewi kanunynda göz öňünde tutulan tertipde algydara gaýtarylmaga degişlidir.

24. Kazyýet buýrugy hakyndaky kesgitnama kazy tarapyndan algydar we bergidar çagyrylmazdan çykarylýandygy sebäpli, kesgitnamada düýp manysyna täsir etmeýän ýalňyşlary, göz-görtele arifmetiki ýalňyşlyklary düzetmeklik, olaryň ýoklugynda geçirilýär. Bu baradaky kesgitnama kazyýet buýrugy hakynda kesgitnama bilen bir wagtda şikaýat edilip bilner.

Kazyýet buýrugy hakynda kesgitnamany ýerine ýetirmek

25. Türkmenistanyň RIÝK-nyň 137-nji maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda, kazyýet buýrugy hakynda kesgitnama şol bir wagtyň özünde ýerine ýetiriji resminama bolup duryandygy sebäpli, ony mejbury ýerine ýetirmek üçin aýratyn ýerine ýetirişnama bermek talap edilmeýär.

26. Kazyýet buýrugy hakynda kesgitnama çykarmak baradaky arzada bergidaryň – raýatyň doglan senesi we ýeri, şeýle-de işleýän ýeri algydara mälim bolan ýagdaýynda görkezilýändigi sebäpli, şeýle maglumatlaryň kazyýet buýrugy hakynda kesgitnamada bolmazlygy, kazyýet ýerine ýetiriji tarapyndan ýerine ýetiriş önümçiligini gozgamakdan ýüz döndermek barada karar çykarmaklyga esas bolup bilmeýär.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy G.Hallyýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy J.Açylow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 1

2020-nji ýylyň 17-nji apreli Aşgabat şäheri

Neşe serişdeler, psihotrop we psihoaktiw maddalar bilen baglanyşykly kanun bozulmalara garşy göreş boýunça kanunçylygyň ulanylyşynyň kazyýet iş tejribesi hakynda

(18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3; 19.10.2024 ý. № 9; 19.07.2025 ý. № 4; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen)

Neşe serişdeler, psihotrop we psihoaktiw maddalar bilen baglanyşykly bikanun hereketler adamlaryň jan saglygyna, raýatlaryň, jemgyýetiň we döwletiň bähbitlerine düýpli zyýan ýetirýär, şahsyýetiň ruhy taýdan pese gaçmagyna getirýär.

Neşekeşligi ýok etmek durmuş taýdan möhüm ähmiýetli wezipe bolup, bu işde kazyýetlere hem uly orun degişlidir.

Kazyýetleriň iş tejribesinde bu çygyrdaky jenaýat işleri boýunça günäkärleriň hereketleriniň nädogry maddalaşdyrylýan halatlaryna gabat gelinýär. Käbir işler boýunça neşe serişdeleriň alynýan çeşmesiniň üstüni açmak, jenaýata gatnaşyjylaryň, aýratyn hem neşe serişdeleri taýýarlaýanlaryň ýa-da ony satýanlaryň ählisini takyklamak barada çäreleri görmek üçin derňew edaralaryna kazyýetler tarapyndan degişli talaplar bildirilmeýär, munuň özi bolsa käbir halatlarda jenaýatyň edilmegine ýardam berýän şertleriň we onuň sebäpleriniň takyk anyklanman galmagyna hem getirýär.

Kähalatlarda kazyýetler tarapyndan neşe serişdelerine baglylykdan ejir çekýänlere lukmançylyk häsiýetindäki mejbury bejeriş çäreleri bellenende ýalňyşlyklar goýberilýär.

Bellenilip geçilen we şeýle çygyrlardaky kemçilikleri aradan aýyrmak, şeýle hem kazyýetler tarapyndan kanunçylygyň birmeňzeş ulanylmagyny üpjün etmek maksady bilen, "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Plenum,

KARAR EDÝÄR:

1. Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň, prekursorlaryň dolanyşygyna gözegçilik çygrynda döwlet syýasatynyň hukuk esaslaryny kesgitleýän, raýatlaryň saglygyny, döwlet we jemgyýetçilik howpsuzlygyny goramak maksady bilen, olaryň bikanun dolanyşygyna garşy hereket etmegiň kadalaryny belleýän hereketler we neşe serişdeleri, psihotrop maddalar, prekursorlar (mundan beýläk-neşe serişdeleri), şeýle hem, neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygy, taýýarlanylmagy,

daşalmagy, iberilmegi, öndürilmegi, işlenilmegi, peýdalanylmagy, üstaşyr geçirilmegi, düzüminde neşe serişdeleri bolan ösümlikleriň ösdürilip ýetişdirilmegi we olaryň ýygnanylmagy barada düşünjeler hakynda "Neşe serişdeleri, psihotrop maddalar, prekursorlar we olaryň bikanun dolanyşygyna garşy hereket etmek hakynda" Türkmenistanyň Kanunynda görkezilenlerden ugur alynmalydygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

2. Neşe serişdeleriniň taýýarlanmagynyň we ýaýradylmagynyň jemgyýetçilik howplulygynyň ýokarydygyny nazara alyp, şu işler boýunça adyl kazyýetligi amala aşyrmaklygyň hilini we netijeliligini gowulandyrmagyň zerurdygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

3. Kazyýetler derňew edaralary tarapyndan jenaýata gatnaşyjylaryň ählisini, olaryň guramaçysyny, neşe serişdeleriň alynýan çeşmesini we olaryň ýerleşdirilýän ýollaryny anyklamak boýunça ähli zerur çäreleriň görlendigini barlamalydyrlar.

4. Neşe serişdeleriň görnüşini, atlaryny, häsiýetlerini, möçberlerini kesgitlemek, şeýle hem, şol ösümlikleriň öz düzüminde neşe serişdelerini saklaýan ösümliklere degişlidigini anyklamak üçin ýörite bilimiň zerurdygyny nazara alyp, kazyýetler şu görnüşdäki işlere seredenlerinde, bilermenler seljermesiniň netijeleriniň bolmagyny gazanmalydyrlar.

5. Neşe serişdeleriň satmak maksady bilen ogurlanmagynyň, satylmagynyň, bikanun taýýarlanylmagynyň, gaýtadan işlenilmeginiň, edinilmeginiň, saklanylmagynyň, daşalmagynyň ýa-da iberilmeginiň uly bolmadyk, uly we aýratyn uly möçberlerde edilendigi, şeýle hem neşe serişdeleriň satmazlyk maksady bilen bikanun edinilmeginiň ýa-da saklanylmagynyň möçberi baradaky mesele çözülende, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2014-nji ýylyň 26-njy martyndaky Karary bilen tassyklanan, mukdary boýunça uly bolmadyk, uly we aýratyn uly möçberlere degişli edilen bikanun dolanyşykda ýüze çykarylan neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalarynyň Sanawynda (mundan beýläk-Sanaw) görkezilen möçberlerden ugur alynmalydyr (bu Karara üýtgetmeler Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 5-nji iýunyndaky Karary bilen girizilen).

Eger-de Sanawda neşe serişdeleriniň görnüşleri we olaryň möçberleri görkezilmedik halatynda adam jenaýat jogapkärçiligine çekilip bilinmeýändigini, bu ýagdaýlaryň günäkäriň hereketlerine hukuk taýdan dogry baha berilmäge täsiriniň bardygyny düşündirmeli.

6. Neşe serişdeleriniň möçberiniň Sanawda görkezilen uly bolmadyk möçberlerden aşak bolmagy, günäkäriň hereketleriniň Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň (mundan beýläk-Türkmenistanyň JK-nyň) 327-nji, 329-njy, 332-nji, 333-335-nji maddalar boýunça maddalaşdyrylmagyna täsiriniň ýokdugyny kazyýetlere düşündirmeli.

Şunda, lukmanyň dermannama haty esasynda goýberilmäge degişli düzüminde psihoaktiw maddalar bolan derman serişdeleriniň uly bolmadyk möçberde satmak maksady bilen bikanun taýýarlanylmagy, edinilmegi, saklanylmagy, daşalmagy ýa-da iberilmegi, şonuň ýaly-da satylmagy günäkäriň hereketlerini Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksiniň 82-nji maddasynyň 3-nji bölegi bilen maddalaşdyrylmagyny talap edýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

7. Neşe serişdeleriň saklanyp başlanan pursatyndan, jenaýatyň üsti açylýança, onuň näçe wagt saklanandygynyň jenaýat jogapkärçiligi üçin täsiriniň ýokdugyny, bu ýagdaýlaryň Türkmenistanyň JK-nyň 73-nji maddasynda görkezilen wagt möhletiniň dolmagy sebäpli, jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmaga hem esas bolup bilmeýändigini düşündirmeli.

8. Neşe serişdeleri taýýarlamak diýip, ahyrky netijede ulanmaklyga ýaramly neşe serişdeleriň alynmagyna getiren islendik hereketlere, şonuň ýaly-da degişli rugsat alynmazdan, neşe serişdesini goýaltmak we olaryň neşelik täsirini artdyrmak maksady bilen, gaýtadan işlenilmegine we artykmaç goşundylardan arassalanmagyna (rafinirlenmegine) düşünmelidir.

9. Neşe serişdeleriniň dürli gurallaryň ýa-da tehnologiýalaryň üsti bilen işlenip, täze görnüşe getirilmegi, hiliniň üýtgedilmegi, böleklerіniň görnüşleriniň täzelenmegi we gaýry özgerişler girizilmegi, olaryň gaýtadan işlenilendiginiň alamatyny döredýär. Şeýle işleri ýerine ýetirmäge gatnaşan adamyň hereketlerinde hem jenaýatyň alamatlary bolup biler.

10. Neşe serişdeleriniň satyn alynmagy, alyş-çalyş edilmegi, algynyň hasabyna alynmagy, sowgat hökmünde kabul edilmegi, girewine ýa-da karzyna alynmagy, tapyp alynmagy, hödürlenende kabul edilmegi, şonuň ýaly-da düzüminde neşe serişdesi bolan, gadagan edilen ýabany ýa-da medeni ösümlikleriň hasylynyň ýygnalmagy olaryň edinilmegini aňladýar.

11. Neşe serişdeleriniň belli bir ýerden başga bir ýere, şol sanda bir ýaşaýyş ýeriniň çäginde äkidilmegi ýa-da iberilmegi olaryň daşalmagyny ýa-da iberilmegini aňladýar. Şeýle hereketler poçta, goşlaryň arasy ýa-da öz ýany bilen, başga biriniň ýa-da haýwanlaryň üsti bilen, şonuň ýaly-da ýerde, suwda we howada dürli ulag, tehniki serişdeleri, gurallary, enjamlary ulanmak arkaly ýa-da başga usullar bilen gizlinlikde amala aşyrylyp bilner.

Eger-de neşe serişdeler Türkmenistanyň çäginden bikanun çykarylan ýa-da Türkmenistanyň çägine bikanun getirilen ýagdaýynda günäkäriň hereketleri jenaýatlaryň jemi boýunça, Türkmenistanyň JK-nyň 327-nji ýa-da 328-nji maddalarynyň we 276-njy maddasynyň degişli bölekleri bilen maddalaşdyrylmaga degişlidir.

12. Neşe serişdeleri bikanun satmak diýip, ony amala aşyrmagyň ähli görnüşi-satmak, sowgat bermek, alyş-çalyşda ulanmak, berginiň hasabyna bermek, karzyna bermek, dürli usullar bilen haýsydyr bir adama bikanun bermek, olaryň eýesi tarapyndan onuň başga bir adamyň bedenine sanjym etmek arkaly goýbermek, maşgala dabaralarynda, baýramçylyklarda, gezelençlerde ýa-da beýleki köpçülikleýin çäreler geçirilende hödür etmek we ş.m. hasap edilýär.

Neşe serişdeleri bikanun satmak üçin belli bir möçberde pullary we beýleki gymmatlyklary almak hökman däldir. Olar günäkär tarapyndan muzdsuz berlen ýagdaýynda hem bikanun satmagyň alamatyny döredip biler.

Satmak baradaky maksadyň bolandygyna günäkäriň ony ulanjak adam bilen degişli şertleşigiň bolmagy, neşe serişdeleriniň möçberi, olaryň gaplanyşy, böleklere bölünmegi, özi ulanmaýan adam tarapyndan satyn alynmagy we ş.m. ýagdaýlar esas bolup bilýändigini düşündirmeli.

13. Eger neşe serişdesi diýip, şolara meňzeş, emma hakykat ýüzünde neşe serişdelerine degişli bolmadyk başga bir madda aldaw ýoly bilen satylan bolsa, günäkäriň hereketlerinde kezzapçylygyň alamaty bolup, olary satyn alan adam neşe serişdesini edinmäge synanyşyk edendigi sebäpli, jenaýatyň kastyna düşendigi üçin jogapkärçilik çekýär.

14. Türkmenistanyň JK-nyň 327-nji, 329-njy, 330-njy, 331-nji we 332-nji maddalarynda göz öňünde tutulan jenaýatlaryň haýsy-da bolsa birini öň amala aşyran adamyň hereketleri jenaýaty gaýtadan eden hökmünde maddalaşdyrylmaga degişlidir. Öňki edilen jenaýatlar üçin olary eden adam jenaýat jogapkärçiliginden ýa-da jezadan boşadylan bolsa, kanunda bellenen tertipde onuň iş kesilenlik aýyby aýrylan ýa-da öz-özünden aýrylan bolsa, wagt möhleti dolan ýa-da günäni yglan edýän hökümi ýerine ýetirmegiň möhleti geçen bolsa, şu maddalaşdyryş alamaty bolup bilmez. Şoňa görä-de bu ýagdaý derňew edaralary we kazyýetler tarapyndan takyk barlanyp, ýeterlikli subutnamalar bilen aýdyňlaşdyrylmalydyr.

Haçan-da satmak maksady bilen bir gezekde alnan neşe serişdeleriniň birnäçe böleklere bölünip, satylmagy jenaýatyň gaýtadan edilen diýilmegine esas bolup bilmeýändigini düşündirmeli.

15. Eger-de günäkär birnäçe jenaýatçylykly hereketleri amala aşyrandygy üçin Türkmenistanyň JK-nyň 327-332-nji maddalarynyň ikinji bölekleri boýunça jenaýat jogapkärçilige çekilen halatynda onuň hereketleriniň şol Kodeksiň 327-332-nji maddalarynyň birinji bölekleri boýunça goşmaça maddalaşdyrylmagy talap edilmeýär. Çünki bu maddalaryň ikinji böleklerinde, jenaýatyň gaýtadan edilendigi baradaky maddalaşdyryş alamaty görkezilendir.

16. Neşe serişdeleri satmak maksady bilen bikanun taýýarlananda, gaýtadan işlenende, edinilende, saklananda, daşalanda, iberilende we satylanda, her edilen hereket jenaýatyň aýry-aýry maddalaşdyryş alamatlaryny özünde jemleýän hem bolsa, jenaýaty gaýtadan eden diýip bolmaýandygyny, sebäbi günäkär hemme hereketleri arkaly, bir maksada gönükdirilen hereketleri amala aşyrýandygyny düşündirmeli.

17. Neşe serişdeleriniň dolanyşygy deslapdan dilleşmek boýunça adamlar topary tarapyndan amala aşyrylan diýip, jenaýaty bilelikde etmek barada iki we şondan köp adamyň öňünden dilleşip, oňa gatnaşmaklaryna düşünilýär. Edilmeli işleriň bilelikde öňünden taýýarlyk görülmegi, zerur serişdeleriň we enjamlaryň toplanylmagy, jenaýaty etmek baradaky teklip bilen ylalaşylyp, her kimiň etmeli işleriniň kesgitlenilmegi, gizlinligiň saklanylmagyny üpjün edýän çäreleriň görülmegi, jenaýatyň bilelikde edilmegini aňladýar. Bu ýagdaýlar we bir ýa-da birnäçe jenaýaty etmeklige niýetlenen hereketler topardaky adamlaryň her biriniň hereketleri deslapky derňew edaralary we kazyýetler tarapyndan hemmetaraplaýyn doly we dogry anyklanmaga degişlidir.

Şol topara deslapdan dilleşmek boýunça iki we şondan-da köp adam gatnaşmak bilen, oňa jenaýaty ýerine ýetiriji bilen bir hatarda, jenaýaty etmekligi guran ýa-da onuň ýerine ýetirilmegine ýolbaşçylyk eden, ýagny guramaçy, şonuň ýaly-da maslahatlary, görkezmeleri, habarlary bilen, jenaýat etmegiň gurallaryny ýa-da serişdelerini bermek ýa-da päsgelçilikleri aradan aýyrmak bilen jenaýatyň edilmegine ýardam eden hem giryýändigini düşündirmeli.

18. Jenaýat jogapkärçiligine çekmek üçin ýaşy ýetmedik ýa-da akyly düzüw däl adam tarapyndan şu görnüşli jenaýat işler kämillik ýaşyna ýeten beýleki jenaýata gatnaşanlar bilen bir hatarda amala aşyrylanda, olaryň jenaýat jogapkärçiliginden boşadylandygyna garamazdan, kämillik ýaşyna ýeten beýleki jenaýata gatnaşanlaryň hereketleri deslapdan dilleşmek baradaky maddalaşdyryş alamaty bilen maddalaşdyrylmaga, şeýle hem kämillik ýaşyna ýetmedigi jenaýata çekendigi üçin goşmaça Türkmenistanyň JK-nyň 153-nji maddasynyň degişli bölekleri bilen maddalaşdyrylmaga degişlidir.

19. Günäkärler neşe serişdesini edinip, soňra olary satmak barada deslapdan dilleşen halatlarynda, neşe serişdesini özlerine bagly bolmadyk ýagdaýlarda günäkärleriň birine ýa-da birnäçesine onuň gowşurylmadyk ýagdaýynda, ähli günäkärleriň deslapdan dilleşendiklerini nazara alyp, ýokarda görkezilen serişdeleri günäkärleriň biri alyp ýetişmese-de, jenaýata gatnaşyjylaryň ählisiniň hereketleri gutarylan jenaýat hökmünde maddalaşdyrylmaga degişlidir.

20. Öz gulluk ýagdaýyndan peýdalanyp, neşe serişdesi ynanylan, ony gorap saklaýan adamlar tarapyndan Türkmenistanyň JK-nyň 327-nji maddasynyň 1-nji we 2-nji böleklerinde görkezilen hereketleriň diňe gulluk wezipesine daýanyp, edilip bilinýändigini, şol hereketler gulluk ýagdaýyndan peýdalanyp, diňe özüniň däl, başga biriniň üsti bilen hem neşe serişdesiniň bikanun dolanyşygyny etmegini aňladýandygyny we bu hereketleriň Türkmenistanyň JK-nyň 327-nji maddanyň 3-nji böleginiň alamatlaryny döredýändigini düşündirmeli.

Şeýle hereketler olar tarapyndan galp resminamalary, ştamplary, möhürleri, blankalary galplaşdyrmak, taýýarlamak, satmak ýa-da galplaşdyrylan resminamany ulanmak arkaly edilende, onuň hereketleriniň Türkmenistanyň JK-nyň 327-nji maddasynyň 3-nji bölegi we 206-njy maddasy bilen maddalaşdyrylmagy ýeterlikdir, şunda ol hereketleriň Türkmenistanyň JK-nyň 196-njy maddasy bilen goşmaça maddalaşdyrylmagy talap edilmeýär.

Eger şeýle hereketler döwlet edaralarynyň wezipeli adamyndan başga adamlar tarapyndan amala aşyrylanda Türkmenistanyň JK-nyň 327-nji we 240-njy maddalarynyň degişli bölekleri bilen maddalaşdyrylmaga degişlidir.

21. Neşe serişdeleriniň satmazlyk maksady bilen bikanun taýýarlanylmagy, gaýtadan işlenilmegi, edinilmegi, saklanylmagy, daşalmagy, iberilmegi, öndürilmegi boýunça günäkäriň hereketleri maddalaşdyrylanda Sanawda görkezilen möçberlerden ugur alynmalydyr.

Eger-de ýokardaky hereketler neşe serişdeleriniň satmazlyk maksady bilen amala aşyrylanda olaryň möçberi Sanawda görkezilenden uly bolmadyk mukdaryň iň aşaky möçberinden az mukdarda bolsa, adam Türkmenistanyň JK-nyň 328-nji maddasy bilen jenaýat jogapkärçiligine çekilmäge degişli däldirler. Şeýle ýagdaýlarda ol Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksiniň 82-nji maddasynyň degişli bölekleri bilen jogapkärçilik çekýär.

22. Neşe serişdeleriniň, Sanawda görkezilen möçberden az mukdarda, satmazlyk maksady bilen Türkmenistanyň çägine getirilmegi ýa-da onuň çäginden çykarylmagy, Türkmenistanyň JK-nyň 328-nji maddasynyň degişli böleklerіniň alamatlaryny döretmeýändigine garamazdan, neşe serişdeleri kontrabanda ýoly

bilen bikanun geçirendigi üçin günäkäriň hereketleri Türkmenistanyň JK-nyň 276-nji maddasynyň degişli bölekleri bilen maddalaşdyrylmaga degişlidir.

23. Ulanmak üçin özleriniň bilelikdäki serişdelerine satyn alnan neşe serişdesini biri-birine hödür edýän adamlaryň we bir adam tarapyndan başga bir adamyň bedenine ulanýanyň özüne degişli neşe serişdeleri sanjym arkaly goýberýäniň hereketleri ony bikanun satmak diýip hasap edilip bilinmeýändigini, şeýle ýagdaýlarda olaryň hereketleri Türkmenistanyň JK-nyň 328-nji maddasynyň degişli bölekleri bilen maddalaşdyrylmaga degişlidigini düşündirmeli.

24. Türkmenistanyň JK-nyň 328-nji maddasynyň degişli bölekleri bilen amala aşyrylan jenaýatçylykly hereketler, jenaýaty gaýtadan etmek baradaky maddalaşdyryş alamaty boýunça şol Kodeksiň 327-332-nji maddalarynda göz öňünde tutulan jenaýatlaryň haýsy-da bolsa birini öň amala aşyran adamyň jenaýaty gaýtalamagyna düşünilýär.

Satmazlyk maksady bilen bir gezekde alnan neşe serişdesiniň birnäçe gezek ulanylmagy, jenaýatyň gaýtadan edilen maddalaşdyryş alamatyny döretmeýär.

25. Türkmenistanyň JK-nyň 328-nji maddasynyň degişli bölekleriniň alamatlarynyň bolmagy üçin neşe serişdesiniň görnüşi takyk, belli bir möçberde we ulanylmak mümkinçiliginde bolmalydyr. Şoňa görä-de neşe serişdesiniň saklanan ýerindäki ýokundylaryň we kesmekleriň bardygynyň anyklanmagy, onuň bikanun saklanandygyny aňladyp bilmez.

26. Düzüminde neşe serişdeleri bolan ösümlikleriň ýa-da şeýle ösümlikleriň bölekleriniň (göknaryň gozasynyň, baldaklarynyň, meňiň baldaklarynyň we ş.m.) oba hojalyk kärhanalarynyň we guramalarynyň goralýan ekin meýdanlaryndan bikanun ýygnalan, şeýle hem şol serişdeleri özünde kanuny esasda ýa-da bikanun saklaýan raýatlardan bikanun alnan ýagdaýynda, neşe serişdeleriň ogurlanmagy üçin günäkär Türkmenistanyň JK-nyň 329-njy maddasynyň degişli bölekleri bilen jogapkärçilik çekýär.

Düzüminde neşe serişdelerini saklaýan ösümlikleriň ýa-da şeýle ösümlikleriň bölekleriniň satmak ýa-da satmazlyk maksady bilen ogurlanmagy, bikanun tertipde satyn alynmagy, saklanylmagy, daşalmagy ýa-da iberilmegi, ahyryna çenli ýetirilen (gutarylan) jenaýat hökmünde maddalaşdyrylmaga degişlidir.

27. Neşe serişdeleri ogurlamak we olary soňundan satmak ýa-da satmazlyk maksady bilen saklamak, daşamak, ibermek, şonuň ýaly-da satmak Türkmenistanyň JK-nyň 329-njy maddasynyň we 327-nji ýa-da 328-nji maddalarynyň degişli bölekleriniň jemi boýunça maddalaşdyrylmalydyr. Ýöne olary satmak ýa-da satmazlyk maksady bilen bikanun taýýarlamak ýa-da satyn almak, soňundan olaryň gaýtadan işlenilendigine, saklanandygyna, daşalandygyna we iberilendigine, şeýle hem bir ýa-da birnäçe gezekde satylandygyna garamazdan, bu ýagdaýlar jenaýaty gaýtadan eden hökmünde Türkmenistanyň JK-nyň 327-nji maddasynyň 2-nji böleginiň we 328-nji maddasynyň 2-nji böleginiň alamatlaryny döretmeýändigini düşündirmeli.

28. Neşe serişdeler garakçylykly çozuş ýoly bilen ogurlananda jogapkärçilik Türkmenistanyň JK-nyň 329-njy maddasynyň 3-nji bölegi boýunça ýüze çykýar, sebäbi ol jan ýa-da saglyk üçin howply bolan zorlugyň ulanylmagy bilen neşe serişdeleriň ogurlanmagyny göz öňünde tutýar. Şunda günäkäriň hereketlerini

Türkmenistanyň JK-nyň 252-nji maddasynyň degişli bölekleri bilen maddalaşdyrmak talap edilmeýär, sebäbi Türkmenistanyň JK-nyň 17-nji maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda, eger jenaýat umumy we ýörite kadalarda göz öňünde tutulan bolsa, jenaýatlaryň jemi bolmaýar we jogapkärçilik ýörite kada boýunça ýüze çykýar.

Neşe serişdeleri ogurlamagyň ýaraglanan banda tarapyndan edilmegi Türkmenistanyň JK-nyň 301-nji we 329-njy maddalarynyň jemi boýunça maddalaşdyrylmaga degişlidir.

29. Neşe serişdeleriniň ogurlanmagynyň olara eýelik edilip başlanmagy bilen gutarýandygy sebäpli, şondan soň başga jenaýatçylykly hereketleriň başlanýandygyna, ýagny şolar ýaly ýagdaýlarda neşe serişdeleriniň satmak ýa-da satmazlyk maksady bilen bikanun saklanylýandygy, daşalýandygy ýa-da iberilýändigi sebäpli, Türkmenistanyň JK-nyň 329-njy maddasynyň degişli bölekleri bilen bir hatarda degişlilikde şol Kodeksiň 327-nji ýa-da 328-nji maddalarynyň degişli bölekleri bilen, jenaýatlaryň umumy jemi boýunça maddalaşdyrylmaga degişlidigini, bu ýagdaýlaryň soňky amala aşyrylan jenaýatlar babatda jenaýatyň gaýtadan edilmegine täsiriniň ýokdugyny düşündirmeli.

30. Neşe serişdeleriniň kanuny saklanmagyny üpjün edýän adama ýa-da bikanun saklaýan adama zorluk ulanmak, emlägini ýok etmek, zaýalamak, neşe serişdeleriniň bikanun saklanýandygy barada derňew edaralaryna habar bermek, şonuň ýaly-da jebir çekeni ýa-da onuň ýakyn adamlaryny masgaralaýan maglumatlary ýaýratmak howpy astynda şol zatlary bermäge mejbur etmek neşe serişdeleriniň gorkuzyp alynmagyny aňladýar.

Gorkuzmak dürli usullaryň ulanylmagy bilen bolup biler, emma ol jebir çekeni hakykatdan hem howp astyna salmalydyr. Aragatnaşyk serişdeleri arkaly, hat, başga bir adamyň üsti bilen, günäkäriň gönüden-göni özüne, başga usullar bilen hem haýbat atmak neşe serişdeleriniň gorkuzyp alynmagynyň alamatyny döredip biler.

Adamyň jany ýa-da saglygy üçin howply bolan zorlugyň ulanylmagy bilen amala aşyrylmagy, neşe serişdeleriniň zorluk ulanylmagy bilen baglanyşykly ogurlyk edilende adamyň saglygyna gysga wagtlaýyn zyýan ýetirilmegine ýa-da umumy işe ýarawlylyk wagtynyň birneme ýitirilmegine getiren, saglyga ýeňil, orta agyrlykda ýa-da agyr zyýanyň ýetirilmegine düşünmelidir.

Şonda jenaýatyň jenaýatçylykly bileleşik tarapyndan edilmegi diýlip, onuň agyr we aýratyn agyr jenaýatlary etmek üçin döredilen, durnukly, jebis, dolandyrylýan gurama deslapdan toplanylan adamlar tarapyndan edilmegine düşünilýär.

31. Düzüminde neşe serişdesi bolan göknaryň, kenebiň, şeýle-de şolar ýaly düzümli beýleki ösümlikleriň ekilendigi ýa-da ösdürilip ýetişdirilendigi, ýa-da şol ösümlikleriň sortunyň ýaýradylandygy üçin günäkär Türkmenistanyň JK-nyň 330-njy maddasynyň degişli bölekleri bilen jogapkärçilik çekýär.

32. Türkmenistanyň JK-nyň 330-njy maddasynyň degişli böleklerіniň alamaty bolmagy üçin düzüminde neşe serişdesi bolan ösümlikler bikanun ekilen ýa-da ösdürilip ýetişdirilen bolmalydyr. Şol ösümlikler islendik ýerde, ýagny adamyň mellek ýerlerinde, beýleki ýer böleklerinde, ýabany ösümlikleriň arasynda,

ýyladyşhanalarda, ýaşalýan ýerlerde, ýöriteleşdirilen gaplarda we beýleki ýerlerde ekilip hem ösdürilip, ýetişdirilip bilner.

Düzümi neşe serişdeli gadagan edilen ösümlikleriň ideg edilmegi, suwarylyp durulmagy, dökün berilmegi, haşal otlardan arassalanmagy, gözegçilikde saklanmagy we olaryň ösüşi üçin beýleki işleriň geçirilmegi olaryň ösdürilip ýetişdirilmegini aňladýar.

33. Düzümi neşe serişdeli gadagan edilen ösümlikleriň görnüşleriniň ýaýradylmagy we olardan neşe serişdeleriniň taýýarlanmagy, şeýle hem soň satmak ýa-da satmazlyk maksady bilen saklanylmagy, daşalmagy, iberilmegi, satylmagy Türkmenistanyň JK-nyň 330-njy maddasynyň degişli böleklerinden başga-da, Türkmenistanyň JK-nyň 327-nji ýa-da 328-nji maddalarynyň degişli bölekleri bilen hem maddalaşdyrylmalydyr.

Ýöne neşe serişdeleri taýýarlamaga girişilmän, düzümi neşe serişdeli ösümlikler ekilen ýa-da ösdürip ýetişdirilýän döwründe öňüniň alynmagy diňe Türkmenistanyň JK-nyň 330-njy maddasy bilen maddalaşdyrylmalydyr.

34. Düzümi neşe serişdeli gadagan edilen ösümlikleriň bikanun ösdürip ýetişdirilmegi baradaky işlere seredilende olaryň möçberiniň anyklanmagy zerur bolup, bu ýagdaýlaryň günäkäriň hereketlerine hukuk taýdan dogry baha berilmäge täsiriniň bardygyny kazyýetlere düşündirmeli.

Eger-de olaryň düýp sany Sanawda görkezilen mukdardan aşak bolan halatynda adam Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksiniň 173-nji maddasy bilen jogapkärçilige çekilip bilner.

35. Neşe serişdeleriniň ulanylmagyna isleg döredýän her bir hereket olaryň ulanylmagyna yrmagy aňladýar we bu hereketler Türkmenistanyň JK-nyň 331-nji maddasynyň degişli bölekleri bilen maddalaşdyrylmaga degişlidir.

Isleg ýalbarmak, aýratyn lezzetliligi barasynda mahabat sözleri aýtmak, maslahat bermek, durmuşda döreýän kynçylyklardan, jebir çekeniň ruhy taýdan keselliliginden we şahsyýete täsir edip biljek beýleki ýagdaýlardan peýdalanmak arkaly döredilip bilner.

36. Bir gezekde gazanylan netijä-de, birnäçe gezek dowamly geçirilen söhbetdeşligiň şol maksadyň amala aşyrylandygy yrmaklygyň alamatyny döredip biler. Neşe serişdeleri ulanmaga yrmak bir ýa-da birnäçe adamy takyk hereketler bilen hakykatdan-da oňa maýyl etmekden ybarat bolmalydyr.

Neşekeşlik barasynda her bir howaýy, belli bir maksada gönükdirilmedik gürrüňler jenaýat jogapkärçiligine çekmek üçin esas bolup bilmez. Edilen hereketler hakykat ýüzünde neşe ulanylmagyna getirmelidir.

Başgany neşe serişdelerini ulanmaga yrmak niýeti bilen edilmeli hereketleriň ähliniň amala aşyrylandygyna (höweslendiriş gürrüňlerini geçirip, olary hödür etmegine, zorluk ulanmagyna we ş.m.) garamazdan, ol adam olary ulanmakdan ýüz dönderse, günäkäriň hereketleri Türkmenistanyň JK-nyň 14,331-nji maddasynyň degişli bölekleri bilen maddalaşdyrylmaga degişlidigini düşündirmeli.

37. Eger-de neşe serişdelerini ulanmaga yrmak, olaryň hödür edilmegi, berilmegi bilen bagly bolsa, olaryň taýýarlanandygyna, gaýtadan işlenendigine, edinilendigine, saklanandygyna, daşalandygyna, iberilendigine, ogurlanandygyna ýa-da gorkuzylyp alnandygyna baglylykda günäkäriň hereketleri Türkmenistanyň

JK-nyň 331-nji maddasynyň degişli böleklerinden başga-da, şol Kodeksiň 327-nji we 329-njy maddalarynyň degişli bölekleri bilen hem maddalaşdyrylmaga degişlidir.

38. Neşe serişdelerini ulanmaga yrmagyň netijesinde saglyga orta agyrlykda zyýan ýetirmek, beden zorlugyny ulanmak netijesinde adamyň synasyny agyrtmak we zorluk ulanyp, şony ulanmak howpuny salyp, ony mejbur etmek, Türkmenistanyň JK-nyň 331-nji maddasynyň 2-nji böleginiň "ç" bendiniň alamatlaryny döredip biler. Şeýle ýagdaýlarda günäkäriň hereketleri degişlilikde Türkmenistanyň JK-nyň 108-nji maddasy bilen goşmaça maddalaşdyrylmaga degişli däldir. Bu hereketleriň netijesi seresapsyzlykdan adamyň ölmegine getiren ýa-da saglyga agyr zyýan ýetirilen bolsa, onda günäkäriň hereketleri diňe Türkmenistanyň JK-nyň 331-nji maddasynyň 3-nji bölegi bilen maddalaşdyrylmaga degişlidigini, degişlilikde Türkmenistanyň JK-nyň 105-nji, 107-nji, 115-nji maddalary bilen goşmaça maddalaşdyrylmaga degişli däldigini düşündirmeli.

Türkmenistanyň JK-nyň 331-nji maddasynyň 3-nji böleginde görkezilen hereketler, seresapsyzlyk sebäpli jebir çekeniň ölmegine getirilmegi ýa-da jebir çekeniň saglygyna agyr zyýanyň ýetirilmegi gönüden-göni neşe serişdelerini ulanmaga yrmak bilen bagly bolmalydyr. Mysal üçin, neşe serişdelerini ulanmaga yrmagyň netijesinde neşe serişdeleriniň möçberi artyk düşüp, ölüme ýa-da saglyga agyr zyýan ýetmegine getiren hereketler şol maddanyň alamatlaryny döredip biler.

39. Neşe serişdelerini ulanmaga yrmak babatda edilen jenaýatçylykly hereketlerden soň onuň bilen gönüden-göni baglanyşykly bolman, diňe gaýry agyr netijelere getirmegi (öz-özüni öldürmegi, AIDS keseline duçar bolmagy we ş.m.) Türkmenistanyň JK-nyň 331-nji maddasynyň 3-nji bölegi bilen maddalaşdyrmaga esas bolup bilmez.

40. Türkmenistanyň JK-nyň 332-nji maddasynda görkezilen jenaýatyň üç sany maddalaşdyryş alamatlary bolup, olar neşe serişdelerini çekmek üçin mesgenleri guramakdan, şol mesgenleri saklamakdan, üçünjisi bolsa, şeýle maksatlar üçin jaýlary bermekden ybarat bolmalydyr.

Mesgenleriň guralmagy barada görkezilenlere neşe serişdelerini çekmek maksady bilen, mesgenleriň islendik ýerlerde, şol sanda ýaşaýyş we beýleki jaýlarda, jemgyýetçilik ýerlerinde, iş ýerlerinde, ulag serişdelerinde, açyk meýdanda we mümkin bolan beýleki islendik ýerlerde guralmagyna düşünmek bolar. Şonda şol serişdeleriň ulanylmagy üçin zerur bolan serişdeler bilen üpjün edilmelidir we degişli şertler döredilmelidir. Mesgeniň guralmagy jenaýatyň gutarandygyny aňladýar.

Neşe serişdelerini çekmek üçin ýaşaýyş hem kömekçi jaýlaryň, gaýry desgalaryň berilmegi, olaryň saklanýan ýerleriniň zerur bolan serişdeler bilen üpjün edilmegi, ulanylmagyna mümkinçilikleriň döredilmegi, hereketleriň gizlinlikde saklanmagy, neşe serişdelerini ulanmak üçin mesgenleriň saklanmagyny aňladýar.

Eger mesgenleri guramak ýa-da saklamak täjirçilik ýa-da başga guramalarda dolandyryjylyk wezipelerini ýerine ýetirýän adam tarapyndan özleriniň ygtyýarlaryny hyýanatly peýdalanmak bilen amala aşyrylsa, onda şeýle etmişler Türkmenistanyň JK-nyň 332-nji we 289-njy maddalarynyň degişli bölekleri bilen maddalaşdyrylmalydyr. Şeýle hereketler döwletiň wezipeli adamy, döwlet

gullukçysy ýa-da oňa deňleşdirilýän adam tarapyndan amala aşyrylan bolsa, onuň hereketleri Türkmenistanyň JK-nyň 196-njy maddasynyň degişli bölekleri bilen goşmaça maddalaşdyrylmaga degişli däldir.

Türkmenistanyň JK-nyň 332-nji maddasynyň 3-nji böleginde göz öňünde tutulan neşe serişdelerini ulanmak üçin jaýlaryň berilmegi, şol maddanyň 2-nji böleginde göz öňünde tutulan jenaýatyň gaýtadan edilendiginiň alamatyny döretmeýändigini düşündirmeli.

41. Neşe serişdelerini, psihotrop maddalaryny ýa-da olaryň prekursorlaryny, şeýle hem neşe serişdelerini, psihotrop maddalaryny ýa-da olaryň prekursorlaryny taýýarlamakda ulanylýan gurallary öndürmegiň, edinmegiň, saklamagyň, hasaba almagyň, goýbermegiň, daşamagyň ýa-da ibermegiň düzgünleriniň bozulandygy üçin, eger bu etmiş görkezilen düzgünleri berjaý etmäge öz borçlaryna girýän adam tarapyndan edilen halatynda wezipeli adamlar, şeýle hem özüne tabşyrylan işiň häsiýetine laýyklykda, şu düzgünleri berjaý etmäge borçly bolan beýleki adamlar Türkmenistanyň JK-nyň 333-nji maddasy bilen jogapkärçilik çekýärler.

Wezipeli we beýleki adamlaryň bu maddanyň ýörite subýekti bolup durýandygyny nazara alyp, şu düzgüni bozan adamyň hereketlerinde döwlet gullugynyň bähbitlerine garşy jenaýatlaryň alamatlary-para almak we başgalar bolan halatynda, onuň hereketleri Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň şu jenaýatlar üçin jogapkärçiligi göz öňünde tutýan maddalar boýunça goşmaça maddalaşdyrylmalydyr, emma şeýle hereketler Türkmenistanyň JK-nyň 196-njy maddasy bilen goşmaça maddalaşdyrylmaga degişli däldir.

Türkmenistanyň JK-nyň 333-nji maddasynda görkezilen hereketler ygtyýarly adam tarapyndan neşe serişdeleriniň dolanyşygynyň bellenilen düzgünleriniň berjaý edilmegi bilen bagly amala aşyrylýandygy we jenaýat şol düzgünleriň bozulmagy bilen bagly ýüze çykyp, neşe serişdeleriniň dolanyşygyna ygtyýarlygy bolan adam tarapyndan hasabynyň ýöredilýändigi sebäpli, goşmaça şol Kodeksiň 327-nji maddasynyň degişli bölekleri bilen maddalaşdyrylmaga degişli däldir. Çünki Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 333-nji maddasynda görkezilen hereketler ýörite kada bolup, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 17-nji maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda, eger jenaýat umumy we ýörite kadada göz öňünde tutulan bolsa, jenaýatlaryň umumy jemi bolmaýar we jogapkärçilik ýörite kada boýunça düşýär.

42. Neşe serişdelerini almaga hukuk berýän resminamalaryň bikanun berilmegi, şol resminamalaryň galplaşdyrylmagy bilen bagly hereketleri amala aşyran adam Türkmenistanyň JK-nyň 334-nji maddasy bilen jogapkärçilik çekýär.

Şol maddada görkezilen resminamalara neşe serişdelerini almaga hukuk berýän lukmanyň derman hatyna we beýleki resminamalara düşünmek bolar. Şol resminamalaryň berilmegi bilen jenaýat gutaran hasap edilýär we ol resminamalar boýunça neşe serişdeleriň alynmagy hökman däldir.

Şol maddada görkezilen jenaýatçylykly hereketler wezipeli adam tarapyndan betnebislikli ýa-da gaýry şahsy bähbitden edilip, gulluk ygtyýarlyklaryny peýdalanmak arkaly pul ýa-da beýleki gymmatlyklary alynsa, Türkmenistanyň JK-nyň 203-nji maddasynyň degişli bölekleri bilen goşmaça maddalaşdyrylmalydyr.

43. Türkmenistanyň JK-nyň 334-nji maddasynyň dispozisiýasynda görkezilen hereketleriň netijesinde şol Kodeksiň 240-njy maddasynyň dispozisiýasynda görkezilen resminamalaryň hem blankalaryň galplaşdyrylmagy, Türkmenistanyň JK-nyň 240-njy maddasynyň alamatlaryny döretmeýär. Şeýle hereketleriň diňe Türkmenistanyň JK-nyň 334-nji maddasy bilen maddalaşdyrylmagy ýeterlikdir.

Eger hassa adama ulanmak zerurlygy bilen bagly bolmadyk ýagdaýlarda neşe serişdelerini almaga hukuk berýän resminamalaryň bikanun berilmegi ýa-da galplaşdyrylmagy bilen baglylykda neşe serişdeleri edinilen bolsa, günäkäriň hereketleri goşmaça Türkmenistanyň JK-nyň 327-nji ýa-da 328-nji maddalarynyň degişli bölekleri bilen maddalaşdyrylmaga degişlidir.

Eger agzalan serişdeleriň ulanylmagynyň guralmagy bilen baglylykda, neşe serişdeleriniň ulanmagy üçin hödür edilmegi ýa-da satylmagy, Türkmenistanyň JK-nyň 334-nji maddasyndan başga-da, şol Kodeksiň 327-nji maddasynda görkezilen jenaýatçylykly hereketleriniň alamatlaryny döredip biler.

44. Maşgala baýramçylyklarynda, toýlarda, meýlislerde ýa-da beýleki bir köpçülik çäreleri geçirilende neşe serişdeleri ulanmaklygy guramak (Türkmenistanyň JK-nyň 335-nji maddasy) – bu bir ýa-da birnäçe adama şony etmeklige şert döretmeklikden, jaý saýlap almakdan, neşe serişdeleri tapmakdan, şeýle hem şolary satyn almagy üpjün edip biljek serişdeleri bermekden ybaratdyr.

Şu görkezilen ýagdaýlarda neşe serişdeleri ulanmaklygy guran adamyň hereketleri Türkmenistanyň JK-nyň 335-nji we 327-nji maddalarynyň jemi boýunça maddalaşdyrylmalydyr, sebäbi şol hereketler satmak diýip hasap edilýän neşe serişdeleri başga adama hödür edip ýerleşdirmek bilen ugurdaş bir wagtda edilýär.

45. Türkmenistanyň JK-nyň 327-nji we 328-nji maddalarynyň belliklerine laýyklykda, neşe serişdelerini meýletin tabşyran we neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygy bilen baglanyşykly jenaýatlaryň üstüniň açylmagyna ýa-da öňüniň alynmagyna, şol işleri amala aşyran adamlary paş etmäge, olaryň jenaýatçylykly ýol bilen gazanan emlägini ele salmaga işjeň ýardam eden adam Türkmenistanyň JK-nyň 327-nji maddasynyň 1-nji ýa-da 2-nji böleklerinde we 328-nji maddasynda göz öňünde tutulan hereketleri üçin jenaýat jogapkärçiliginden boşadylýar (Kanunyň bu talaby Türkmenistanyň JK-nyň 327-nji maddasynyň 3-nji bölegine degişli däldir).

Günäkäriň ýokardaky görkezilen esasda jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagy üçin, ilki bilen onuň özüne degişli bolan neşe serişdesini meýletin tabşyrmagy, soňra jenaýatyň üstüni açmaga, öňüni almaga işeňňir ýardam etmegi, derňew edaralarynyň işgärleri bilen bilelikde hereket etmegi hökmanydyr.

Eger-de dessin maglumatlar esasynda hukuk goraýjy edaralarynyň işgärleri neşe serişdesini saklaýan raýatyň ýanyna, öýüne ýa-da başga bir ýerde duşup, onda saklanýan neşe serişdesini bermek, tabşyrmak barada teklip edilenden soňra çykaryp bermegi, neşe serişdesini meýletin tabşyrylandygyny aňlatmaýar.

Günäkär neşe serişdesi bilen ele salnandan soň, jenaýatyň üstüni açmaga ýardam edip, oňa gatnaşan adamlaryň hemmesini paş eden bolsa, munuň özi diňe onuň jogapkärçiligini ýeňilleşdirýän ýagdaý hökmünde baha berilmäge esas bolup biler.

46. Neşe serişdeleri bilen bagly jenaýatlar bilkastlaýyn edilen jenaýatlaryň hataryna girip, Türkmenistanyň JK-nyň 327-nji, 329-njy maddalarynyň subýekti 14

ýaşyny, neşe serişdeleri bilen bagly beýleki jenaýatlaryň subýekti 16 ýaşyny dolduran, akyly düzüw adam bolmalydygyny düşündirmeli.

47. Neşe serişdeleri bilen bagly jenaýat işleri boýunça görnetin bikanun ýol bilen edinilen pul serişdeleri ýa-da başga emläk bilen maliýe amallarynyň edilendigi ýa-da beýleki geleşikleriň baglaşylandygy, görkezilen pul serişdeleriniň ýa-da emlägiň telekeçilik ýa-da başga ykdysady işi amala aşyrmak üçin peýdalanylandygy, şeýle hem olara eýelik edilmegini, peýdalanylmagyny we ygtyýar edilmegini kanuny görnüşe getirmek maksady bilen, şol pul serişdeleriniň, ýa-da emlägiň bikanun gelip çykyşynyň gizlenilendigi, ýa-da ýaşyrylandygy ýa-da şol hereketlerden peýda ýa-da beýleki bähbitleriň alnandygy üçin günäkär neşe serişdeleri bilen bagly jenaýat jogapkärçiligi göz öňünde tutýan maddalardan başga-da, Türkmenistanyň JK-nyň 263-nji maddasynyň degişli bölekleri bilen jogapkärçilige çekilmäge degişlidir.

48. Iş boýunça degişli netijä gelenlerinde maddy subutnama hatarynda geçýän neşe serişdeler baradaky meseläni hem çözmelidirler. Şeýle-de neşe serişdeleriň, bikanun dolanyşygy netijesinde alnan girdejileriň jenaýatly ýol bilen gazanylan girdejiler bolýandygyny hem-de agzalan jenaýatlary etmekde ulanylan jaýlaryň, ulag serişdeleriniň we beýleki enjamlaryň meselesiniň Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 130-njy maddasyna laýyklykda çözülmelidigini kazyýetler ünsden düşürmeli däldirler.

49. Neşekeşlikden ejir çekýän günäkäre jeza çäresini bellände kazyýet ol barasynda lukmançylyk häsiýetindäki mejbury bejeriş çäresini ulanmak meselesini hem çözmelidir.

Adama saglyk ýagdaýy ýa-da başga sebäpler boýunça mejbury bejerişiş çäresini ulanmaklygy aradan aýyrýan halatlaryň bar bolan ýagdaýlarynda, onda hökümiň beýan ediş-delillendiriş böleginde şol adam barasynda mejbury bejeriş çäresiniň ulanylmaýandygynyň sebäpleri delillendirilmelidir.

Günäkäre lukmançylyk häsiýetindäki mejbury bejeriş çäresini ulanmak barada netijä gelnende, degişli kazyýet-lukmançylyk bilermenler seljermesiniň netijesine salgylanyp, şeýle netijäniň hökümiň beýan ediş-delillendiriş böleginde delillendirilmelidigini, hökümiň karara gelinýän böleginde bolsa mejbury bejeriş çäresiniň görnüşiniň anyk görkezilmelidigini, Türkmenistanyň JK-nyň 94-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, lukmançylyk häsiýetli çäreler arakhorlukdan, neşekeşlikden ýa-da toksikomaniýadan we beýleki psihoaktiw maddalara baglylykdan ejir çekýänlere bellenilip bilinýändigini, höküm bilen başga kesellerden mejbury bejeriş çäresiniň ulanyp bolmaýandygyny kazyýetlere düşündirmeli.

50. Şu çygyrdaky jenaýatlaryň aýratyn howpludygyny nazara alyp, kazyýetler neşe serişdeleri bilen meşgullanýan adamlara jeza bellenende günäkärleriň her birine aýratynlykda çemeleşmegi üpjün etmelidirler.

51. Neşekeşligiň öňüni almaklygyň ýurdumyzda hukuk tertibini berkitmek boýunça möhüm wezipeleriň biri bolup galýandygyny nazara alyp, şu görnüşdäki işler boýunça geçirilýän kazyýet seljerişleriniň derejesini ýokarlandyrmagy, işiň ähli ýagdaýlaryny hemmetaraplaýyn, doly we dogry barlamaklygy, şeýle jenaýatyň edilmegine sebäp bolýan we ýardam berýän şertleri anyklap, olary aradan

aýyrmaklyk üçin çäreleri görmekligi üpjün edip, olar barasynda hususy kesgitnamalar (kararlar) çykarmak bilen, neşekeşlige ýardam edýän sebäpleriň we şertleriň soňuna çykmak boýunça anyk işleriň geçirilmegi barada kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

52. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri degişli kazyýetler tarapyndan neşe serişdeleri bilen baglanyşykly jenaýatlar barasyndaky işleriniň dogry we kanunalaýyk çözülişine berk kazyýet gözegçiligini amala aşyrmalydyrlar, bu babatda kazyýet iş tejribesini yzygiderli umumylaşdyryp, ýüze çykarylan kemçiliklere hukuk taýdan degişli baha berip, olary kanunda bellenen tertipde düzetmek boýunça öz wagtynda kanuny çäreleri görmelidirler.

53. Şu Kararyň kabul edilmegi bilen Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumynyň 1997-nji ýylyň 28-nji aprelindäki "Neşe serişdeler, psihotrop we psihoaktiw maddalar bilen baglanyşykly kanun bozulmalara garşy göreş boýunça kanunçylygyň kazyýetler tarapyndan ulanylyşynyň iş ýörelgeleri hakynda" kararyny (oňa soňky ýyllarda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen) güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy G.Hallyýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy J.Açylow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 2

2020-nji ýylyň 17-nji apreli Aşgabat şäheri

Adamy ogurlamak, adamy bikanun azatlykdan mahrum etmek we adam söwdasy baradaky işler boýunça kazyýet iş tejribesi barada

(18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3; 19.07.2025 ý. № 4; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Türkmenistanyň Konstitusiýasynda her bir adamyň erkinlige we şahsy eldegrilmesizlige hukugynyň bardygy ykrar edilýär we kepillendirilýär. Adamyň we raýatyň hukuklarynyň we azatlyklarynyň gös-göni hereketi bolup, kanunlaryň manysyny, mazmunyny we ulanylmagyny, kanun çykaryjy we ýerine ýetiriji häkimiýetleriň, ýerli öz-özüňi dolandyryşyň işini kesgitleýär we adyl kazyýetlik bilen üpjün edilýär.

Adamyň erkinlige we şahsy eldegrilmesizlige bolan hukuklaryny goramak maksady bilen, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksinde bu hukugy bozýan jemgyýetçilik howply etmişler üçin jogapkärçilik göz öňünde tutulandyr.

Adamy ogurlamak, azatlykdan bikanun mahrum etmek we adam söwdasy üçin jenaýat jogapkärçiligi hakynda kanunçylygyň (Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 124-nji, 127-nji, 128-nji maddalary) kazyýetler tarapyndan dogry we birmeňzeş ulanylmagyny üpjün etmek maksadynda ugrukdyryjy düşündirişleri bermek zerurlygyndan ugur alyp, “Kazyýet hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Plenum

KARAR EDÝÄR:

1. Adamy ogurlamak, azatlykdan bikanun mahrum etmek we adam söwdasy (Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň, mundan beýläk – Türkmenistanyň JK-nyň 124-nji, 127-nji, 128-nji maddalarynda göz öňünde tutulan jenaýatlar) baradaky jenaýat işlerine seredilende, kanunçylygyň talaplarynyň berk berjaý edilmelidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

2. Jenaýat kanunçylygynyň manysyna görä, adamy ogurlamak diýip, başga jenaýat etmek maksady bilen ýa-da gaýry esaslar boýunça onuň bikanun basylyp, bolýan ýerinden alnyp gidilmegine we soňy bilen saklanylmagyna düşünilýär. Adamyň ogurlanmagy, esasan, jebir çekeniň biçäre ýagdaýyndan peýdalanmak bilen, haýbat atmak, zorluk ulanmak, ony aldamak ýa-da onuň ynamyndan hyýanatçylykly peýdalanmak arkaly amala aşyrylýar we onuň pidasy ogurlanýanyň ýaşyna, raýatlygyna, durmuş ýagdaýyna we jemgyýetde tutýan ornuna garamazdan, islendik adam bolup biler.

Adamyň ogurlanmagy onuň basylyp alnyp, bolýan ýerinden başga ýere geçirmeklige girişilen pursatyndan gutaran jenaýat hasaplanylýar. Haçan-da ogurlyk bolan ýere barmaklyk jebir çekeniň öz razylygy bilen amala aşyrylan bolsa, ýagny günäkäriň ony aldamagy ýa-da ynamyndan hyýanatly peýdalanmagy netijesinde, jebir çekeniň baran ýerinden basylyp alnyp, mejbury bolýan ýerinden başga ýere geçirmeklige girişilen pursatyndan, ýa-da eger-de ondan soň onuň bolýan ýerini üýtgetmeklige girişilmedik bolsa, onda jebir çekeniň baran ýerinde basylyp alnyp, saklanmagyna girişilen pursatyndan jenaýat gutaran diýlip hasap edilýär.

Çaganyň kakasynyň ýa-da ejesiniň öz çagasyny (perzentlige alan çagasyny) bir-birinden ýa-da çaganyň terbiýesi bilen meşgul bolýan beýleki şahslardan, soňkularyň erkiniň tersine gidip alyp gaçmagy we saklamagy bilen bagly hereketleriniň, haçan-da ol hereketler çaganyň bähbidinden ugur alnyp edilen bolsa, Türkmenistanyň JK-nyň 124-nji maddasy bilen maddalaşdyrylyp bilinmeýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli. Şunda kakasynyň (ejesiniň) ene-atalyk hukugyndan mahrum edilen bolandygynyň ähmiýeti ýokdur.

3. Adamy ogurlamakdan tapawutlylykda, Türkmenistanyň JK-nyň 127-nji maddasynda göz öňünde tutulan, azatlykdan bikanun mahrum etmek hereketleri amala aşyrylanda, jebir çekeniň gabalan ýerinde saklanýandygyna, şeýle hem onuň hereket etmeginiň kanuny bolmadyk esaslarda çäklendirilýändigine (mysal üçin, günäkär şahs jebir çekeni ýerleşýän jaýynda, öýünde ýa-da şuňa meňzeş başga desgalarda gulplap ýa-da daňyp saklaýar, ýa-da başga bir ýol bilen ony gitmek mümkinçiliginden mahrum edýär) kazyýetler üns bermelidirler.

Türkmenistanyň JK-nyň 127-nji maddasynda göz öňünde tutulan jenaýat, jebir çekeniň şeýle ýagdaýda bolmagynyň dowamlylygyna garamazdan, onuň hakykatda azatlykdan mahrum edilen pursatyndan gutaran diýlip hasap edilýär.

4. Adamy ilkibaşdan azatlygyndan mahrum edip, soňra jebir çekeni başga ýere äkidip saklan günäkäriň hereketleriniň Türkmenistanyň JK-nyň 124-nji maddasynyň degişli bölegi bilen maddalaşdyrylmagy ýerliklidir, şunda onuň hereketleriniň Türkmenistanyň JK-nyň 127-nji maddasy bilen goşmaça maddalaşdyrylmagy talap edilmeýär, çünki günäkäriň jebir çekeniň azatlygyny bikanun çäklendirmek bilen bagly ähli hereketlerini Türkmenistanyň JK-nyň 124-nji maddasy öz içine alýar.

5. Adamy ogurlamak ýa-da ony azatlykdan mahrum etmek bilen bagly hereketlere hukuk taýdan baha berlende kazyýetler adamyň janyna ýa-da saglygyna howp salmaýan zorlugyň ulanylmagynyň Türkmenistanyň JK-nyň 124-nji maddasynyň 1-nji böleginiň ýa-da Türkmenistanyň JK-nyň 127-nji maddasynyň 1-nji böleginiň öz içine alýandygyndan ugur almalydyrlar.

Eger-de şonuň ýaly hereketler adamyň jany we saglygy üçin howply bolan zorlugy ulanmak ýa-da şeýle zorlugy ulanmak howpuny salmak bilen edilen bolsa, onda günäkäriň hereketler degişlilikde Türkmenistanyň JK-nyň 124-nji maddasynyň 2-nji böleginiň “ç” bendi we Türkmenistanyň JK-nyň 127-nji maddasynyň 2-nji böleginiň “ç” bendi bilen maddalaşdyrylmagy ýeterlikdir, şunda onuň hereketleriniň Türkmenistanyň JK-nyň 114-nji maddasy bilen goşmaça maddalaşdyrylmagy talap edilmeýär.

6. Adam ogurlananda we azatlykdan bikanun mahrum edilende zorluk ulanylmagy ýa-da zorluk ulanmak howpunyň salynmagy diňe bir ogurlanýan ýa-da

bikanun azatlykdan mahrum edilýän barada ulanylman, şeýle hereketleriň jebir çekeni basyp almak päsgelçiligini aradan aýyrmak, ony basyp almak we başga ýere alyp gitmek maksady bilen, beýleki adamlar, şol sanda jebir çekeniň ýakyn garyndaşlary barada hem ulanylyp, amala aşyrylyp bilinýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

7. Adamy ogurlamak hakynda şärikleriň arasyndaky deslapky dilleşige görä, günäkär bu jenaýatyň obýektiw tarapyna degişli bolan aýratyn hereketi eden halatynda, ol deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan edilen jenaýaty bilelikde ýerine ýetiriji hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekilýär (Türkmenistanyň JK-nyň 124-nji maddasynyň 2-nji böleginiň "a" bendi).

8. Adamyň ogurlanmagy günäkär ýa-da beýleki şahslar üçin maddy taýdan bähbit (pul, emläk ýa-da ony almaga hukugy we ş.m.) almak ýa-da maddy harajatlardan (emlägi, bergini gaýtaryp bermekden, hyzmatyň tölegini tölemekden, emläk borçnamalaryny ýerine ýetirmekden, aliment tölemekden we ş.m.) dynmak maksady bilen edilen bolsa, onda ol hereketler Türkmenistanyň JK-nyň 124-nji maddasynyň 2-nji böleginiň "h" bendi (betnebislik niýet bilen etmek) bilen maddalaşdyrylýar.

Ýerine ýetiriji tarapyndan maddy sylag almak üçin adamyň ogurlanmagyny guran, onuň edilmegine meçew beren ýa-da şeýle jenaýaty etmekde ýaranlyk eden şahslar hem Türkmenistanyň JK-nyň 30-njy maddasynyň üsti bilen 124-nji maddasynyň 2-nji böleginiň "h" bendi boýunça jogapkärçilige çekilýär.

9. Eger adamyň ogurlanmagy şol bir wagtyň özünde kesekiniň emlägini ýa-da emläge hukugyny bermek, ýa-da emläk häsiýetli gaýry hereketleri etmek talaby bilen bagly bolsa, onda günäkäriň hereketleri Türkmenistanyň JK-nyň 124-nji maddasynyň 2-nji böleginiň "h" bendinde we 253-nji maddasynyň degişli böleginde göz öňünde tutulan jenaýatlaryň jemi boýunça maddalaşdyrylýar.

10. Adamyň basylyp alynmagy we bolýan ýerinden alnyp gidilmegi, ony öldürmek maksady bilen edilen bolsa, onda şeýle hereketler Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasynyň degişli bölegi bilen maddalaşdyrylýar, şunda hereketleriň Türkmenistanyň JK-nyň 124-nji maddasy bilen goşmaça maddalaşdyrylmagy talap edilmeýär.

Eger jebir çekeniň bolýan ýerinden alnyp gidilmeginiň ýa-da saklanylmagynyň barşynda günäkärde ogurlanan şahsy öldürmek niýeti ýüze çyksa, şunda edilen jenaýatçylykly hereketler Türkmenistanyň JK-nyň 124-nji we 101-nji maddalarynda göz öňünde tutulan jenaýatlaryň jemi boýunça maddalaşdyrylmaga degişlidir.

11. Jebir çekeni ogurlan adamyň ony hakykatda saklamak mümkinçiliginiň bolandygyna garamazdan, boşadan, şonuň ýaly-da, jebir çekeniň garyndaşlaryna, degişli döwlet edaralarynyň wekillerine gowşuran ýa-da ogurlanan şahsyň ýerleşýän ýerini olara görkezen bolsa, onda bu hereketler Türkmenistanyň JK-nyň 124-nji maddasynyň belligine laýyklykda, ogurlanan adamy meýletin boşatmak diýlip hasap edilýär.

Eger ogurlanan adamy meýletin boşadan şahsyň hereketlerinde başga jenaýatyň alamatlary (mysal üçin, saglyga bilkastlaýyn zyýan ýetirmek, ýaragyň bikanun göterilmegi) bar bolsa, onda ol Türkmenistanyň JK-nyň degişli maddasy bilen jenaýat jogapkärçiligine çekilýär.

12. Türkmenistanyň JK-nyň 128-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, adam söwdasy diýlip, bir ýa-da birnäçe hereketleriň edilmegi bilen, ony ezmek maksady bilen yrmak, daşamak, geçirmek, gizläp saklamak ýa-da haýbat atmak, mejbur etmek, aldamak, adam söwdasynyň pidasynyň ynamyndan ýa-da gowşaklyk ýagdaýyndan peýdalanmak ýa-da onuň garaşly adamsyna berim bermek ýollaryny ulanmak arkaly adamy almak, şeýle hem adamy satyn almak-satmak ýa-da onuň bilen bagly eýeçiligiň obýekti hökmünde garalýan gaýry bikanun geleşikleri etmek bilen baglanyşykly bilkastlaýyn edilýän hereketlere düşünilýär.

Şunda adamy ezmek maksady bilen diňe yrmak, daşamak, geçirmek, gizläp saklamak, haýbat atmak, mejbur etmek, aldamak, adam söwdasynyň pidasynyň ynamyndan ýa-da gowşaklyk ýagdaýyndan peýdalanmak ýa-da onuň garaşly adamsyna berim bermek ýollaryny ulanmak arkaly adamy almak ýaly hereketleriň haýsy hem bolsa biriniň edilmeginiň şu jenaýatyň düzüminiň hökmany alamatlary bolup durýandygyna, ýöne jenaýatyň adamy satyn almak-satmak ýa-da onuň bilen bagly eýeçiligiň obýekti hökmünde garalýan gaýry bikanun geleşikleri etmek bilen amala aşyrylan hem bolsa, onuň jenaýatyň hökmany alamaty bolup durmaýandygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Jebir çekeniň özi bilen edilýän hereketleriň häsiýeti barada habarly bolmagy we olaryň edilmegine razylyk bermegi şol hereketleriň adam söwdasy hökmünde maddalaşdyrylmagyna täsiri ýokdur.

13. Türkmenistanyň JK-nyň 128-nji maddasyna laýyklykda:

- adamy satyn almak-satmak diýlende, adamyň başga şahsa (şahslara) pul sylagy üçin berilmeginden ybarat bolan hereketleriň edilmegine, onuň bilen bagly eýeçiligiň obýekti hökmünde garalýan gaýry bikanun geleşikler diýip, jebir çekeniň bir şahsdan beýleki şahsa berilmegine getirýän kanuna garşy gaýry hereketlere (mysal üçin, muzdsuz bermek, haýsydyr bir maddy gymmatlyk bilen çalyşmak);

-yrmak diýip, hakyna tutujynyň ýa-da gaýry şahslaryň bähbitlerine yrylýan adamy soňy bilen ulanmak maksadynda, şol sanda başga döwletleriň çäklerinde haýsydyr bir işleriň edilmegi, hyzmatlaryň ýerine ýetirilmegi ýa-da gaýry işiň amala aşyrylmagy babatda şahsyň hakyna tutmak üçin kabul edilmegine, gözlenilmegine we seçip alynmagyna (jebir çekeniň razylygyny almak üçin, sylaglamaklyga söz berlip, ýalan haýbat atmak, aldamak ýa-da ynamdan hyýanatçylykly peýdalanmak (iş hödürlemek, dürli hünärler boýunça okamak mümkinçiligini döretmek bahanasy we ş.m.) ýaly hereketler bolup biler);

-daşamak diýip, jebir çekeni soňy bilen ulanmak maksadynda adamyň ulagyň islendik görnüşi bilen bir ýerden başga bir ýere, şol sanda ilatly nokadyň çäklerinde geçirilmegi bilen baglanyşykly bilkastlaýyn edilýän hereketlere;

-geçirmek diýip, jebir çekeniň beýleki şahsa, şol sanda jebir çekeni daşamak, gizläp saklamak, ulanmak üçin berilmegine, alynmagy bolsa, jebir çekeni berýän tarapdan, hususan-da, daşamak ýa-da gizläp saklamak, şeýle hem ulanmak maksadynda kabul edilmegine;

-adamy gizläp saklamak diýip, jebir çekeniň adam söwdasyna degişli hereketler edilende degişli döwlet edaralaryndan, garyndaşlaryndan, gyzyklanýan taraplardan gizlenip saklanylmagyna, şol sanda jebir çekeniň şahsyýeti ýa-da

ýerleşýän ýeri hakynda görnetin ýalan maglumatlary habar bermek arkaly ýaşyrylmagyna we beýlekilere düşünilýär.

14. Kazyýetleriň adam söwdasy bilen baglanyşykly jenaýatyň edilmeginiň usulyna baglylykda, onuň gutaran pursatyny kesgitlemekleri zerurdyr. Adam satyn alnyp-satylanda ýa-da jebir çeken bilen bagly eýeçiligiň obýekti hökmünde garalýan gaýry bikanun geleşikleri amala aşyrylanda, jenaýat jebir çekeniň hakykatda berlen we alnan pursatyndan, adam yrlanda jebir çekeniň haýsy iş üçin yrlan bolsa, şony amala aşyrmaga razylygy alnan pursatyndan gutaran hasaplanylýar.

Adam söwdasynyň alamatlaryny emele getirýän beýleki jenaýatçylykly hereketler gutaran diýip, adamy ezmek maksady bilen, berlen, alnan, onuň daşalyp başlanan ýa-da gizlenip saklanylan pursatyndan hasaplanýar.

15. Adamy satyn alyp-satylmagyndan ýa-da ol babatda adam söwdasyna degişli beýleki jenaýatçylykly hereketler amala aşyrylmagyndan öň, şol şahs ogurlanan bolsa, onda edilen etmiş jenaýatlaryň jemi boýunça Türkmenistanyň JK-nyň 124-nji we 128-nji maddalarynyň degişli bölekleri bilen maddalaşdyrylmalydyr. Adam söwdasy bilen baglanşykly jenaýatçylykly hereketleri etmek maksady bilen, adamyň azatlykdan bikanun mahrum edilmegi, ýagny jebir çekeniň azatlygynyň bikanun çäklendirilmegi ol hereketleriň Türkmenistanyň JK-nyň 128-nji maddasynyň degişli böleginiň öz içine alýandygy sebäpli, Türkmenistanyň JK-nyň 127-nji maddasy bilen goşmaça maddalaşdyrylmagy talap edilmeýär.

16. Jebir çekeniň janyna ýa-da saglygyna howp salýan, şeýle hem howp salmaýan, güýç ulanmak bilen ýa-da şony ulanmak haýbatyny atmak bilen edilen bolsa, onda bu hereketler Türkmenistanyň JK-nyň 128-nji maddasynyň 2-nji böleginiň “f” bendi bilen maddalaşdyrylmaga degişlidir.

17. Adam söwdasynyň pidasy onuň adam söwdasynyň pidasy bolmagy bilen şertlendirilen kanuna garşy hereketleri eden bolsa, onda ol jenaýat jogapkärçiliginden boşadylýar.

18. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri degişli kazyýetler tarapyndan adamy ogurlamak, azatlykdan bikanun mahrum etmek we adam söwdasy bilen baglanyşykly jenaýat işleriniň dogry we kanunalaýyk çözülişine berk kazyýet gözegçiligini amala aşyrmalydyrlar, bu babatda kazyýet iş tejribesini yzygiderli umumylaşdyrmalydyrlar we ýüze çykarylan kemçilikleri kanunda bellenen tertipde düzetmek boýunça öz wagtynda kanuny çäreleri görmelidirler.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy G.Hallyýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy J.Açylow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 3

2020-nji ýylyň 17-nji apreli Aşgabat şäheri

Çagalary terbiýelemek bilen baglanyşykly jedeller çözülende kazyýetler tarapyndan kanunçylygyň ulanylyş iş tejribesi hakynda

(17.02.2024 ý. № 3; 19.07.2025 ý. № 4; 18.10.2025 ý. № 10; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Berkarar Türkmenistan döwletimiziň Bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzda umumadamzat gymmatlyklaryna hormat goýlup, eneligi we çagalary hukuk taýdan goramak hakyndaky halkara hukuk kadalaryny berjaý etmek arkaly, ahlak mirasyny gorap saklamak we ösdürmek bilen, çagalary hakyky watansöýüjilik, dogruçyllyk ruhunda terbiýelemek hakynda alada etmek, olary jemgyýete peýdaly zähmete taýýarlamak her bir ata-enäniň konstitusion hukugy we borjy bolup duŕar.

Çagalary terbiýelemek bilen baglanyşykly jedelleriň kazyýetler tarapyndan dogry çözülmegi çagalaryň we ata-enäniň hukuklarynyň goralmagyny üpjün etmäge, çagalara göwnejaý terbiýe bermekde ata-enäniň jogapkärçiligini berkitmäge we olaryň öz hukuklaryny çaganyň bähbitlerinden ugur alyp ulanmaklaryna ýardam edýär hem-de kämillik ýaşyna ýetmedikleriň kanun bozmalarynyň öňüni alyş çäreleriniň biri bolup duŕar.

Beýan edilenlerden, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygyna girizilen düýpli özgertmelerden ugur alyp, çagalary terbiýelemek bilen baglanşykly jedeller çozülende kazyýetler tarapyndan kanunçylygyň dogry we takyk ulanylmagyny üpjün etmek üçin ugrukdyrjy düşündirişleri bermek maksadynda, "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendini gollanyp, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy,

K A R A R E D Ý Ä R :

1. Çagalary terbiýelemek bilen baglanyşykly jedelleriň dogry we öz wagtynda çözülmeginiň çagalaryň we maşgalanyň bähbitlerini goramagyň wajyp kepillendirmeleriniň biri bolup duŕandygy üçin, şeýle jedellere seredilende kanuny berk berjaý etmekligiň zerurdygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

2. Kazyýetlere çagalary terbiýelemek bilen baglanyşykly aşakdaky ýaly jedelleriň, ýagny biri-birinden aýry ýerde ýaşaýan ata-enäniň arasynda çagalaryň kimiň ýanynda ýaşamalydygy; aýry ýaşaýan atanyň (enäniň) çagalary terbiýelemegine berilýän päsgelçiligi aýyrmak; başga adamlaryň elindäki çagalary ata-enesine bermek; ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek we ata-enelik hukuklaryny dikeltmek; perzentlige almagy ýatyrmak we ony hakyky däl diýip

ykrar etmek; hossarlyk we howandarlyk edaralarynyň çözgütleri barada şikaýat etmek we beýleki jedelleriň kazyýetlerde seredilmelidigini düşündirmeli.

3. Çagalaryň biri-birinden aýry ýerde ýaşaýan ata-enäniň haýsysynyň ýanynda ýaşamaga galmalydygy hakyndaky jedel çözülende, kazyýet Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň (mundan beýläk Türkmenistanyň MK-nyň) 86-njy we 87-nji maddalarynda bellenilen ata-enäniň ikisiniň hem hukuklarynyň we borçlarynyň deňdiginden ugur alyp, kämillik ýaşyna ýetmedikleriň bähbitlerine laýyk gelýän çözgüt çykarmalydyr. Şonda ata-enäniň biriniň maddy durmuş ýagdaýynyň beýlekiden artykmaçlygynyň çagany oňa bermek üçin özbaşyna kesgitleýji şert bolup bilmeýändigi sebäpli, kazyýet ata-enäniň haýsysynyň çagalar barada has köp alada edýändigini we olara üns berýändigini, çagalaryň ýaşlaryny we ata-enäniň haýsysyna ysnyşandyklaryny, ata-eneleriň şahsy häsiýetlerini, olaryň çagalara oňaýly ýa-da zyýanly täsir etmek, terbiýelemek, fiziki we ruhy taýdan ösmegi üçin zerur şertleri döredip bilmek mümkinçiliklerini, ata-enäniň özara gatnaşyklarynyň häsiýetini, şeýle hem beýleki anyk ýagdaýlary nazara almalydyr.

Iş tejribesinde kazyýetler tarapyndan gös-göni çagany almak baradaky talaplara seredilýän ýagdaýlaryň bolýandygyny göz öňünde tutup, aýry ýaşaýan ata-enäniň biriniň çagany almak baradaky hak islegi boýunça netijä gelinmezden ozal Türkmenistanyň MK-nyň 89-njy maddasynyň 4-nji bölegine laýyklykda, ata-ene aýry ýaşaýan mahalynda çaganyň ýaşaýan ýerini kesgitlemek baradaky meseläniň çözülmelidigine kazylaryň ünsüni çekmeli.

Kazyýet ata-enäniň haýsy biri bilen ýaşamakçydygy barasynda Türkmenistanyň MK-nyň 81-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda 10 ýaşyna ýeten çaganyň islegini hem, eger ol onuň bähbitlerine laýyk gelýän bolsa, nazara alyp biler.

4. Eger nikany bozmak hakyndaky hak islegi bilen bilelikde kämillik ýaşyna ýetmedik çaganyň ata-enesine gaýtaryp berilmegine päsgel berýän başga adamlaryň terbiýelemegindäki çaganyň ata-enäniň haýsy biri bilen ýaşamalydygyny kesgitlemek hakyndaky talap hem bildirilen bolsa, onda kazyýet şu jedeli aýratyn önümçilige bölüp aýyrmak baradaky meseläni hem ara alyp maslahatlaşmalydyr.

5. Öz çagasyny terbiýelemek babatynda ata-enäniň hukugy başga adamlardan artykmaçdyr, şonuň üçin olar öz çagalaryny kanuna ýa-da kazyýet çözgüdine esaslanman, özünde saklaýan başga islendik adamdan talap etmäge haklydyrlar (Türkmenistanyň MK-nyň 92-nji maddasy).

Ata-enäniň öz çagalaryny gaýtaryp bermek hakyndaky talaby diňe bir ýagdaýda, ýagny kazyýet çaganyň gaýtaryp berilmegi onuň bähbitlerine laýyk gelmeýär diýip netijä gelende kanagatlandyrman galdyryp biler.

Şeýle jedeller çözülende kazyýet çaganyň göwnejaý terbiýelenmegini ata-enäniň üpjün edip bilmek mümkinçiligini, ata-enäniň çaga bilen özara gatnaşyklaryny, çaganyň özüni saklaýan başga adama bolan ysnyşygyny we başga-da anyk ýagdaýlary nazara alýar.

Eger ne ata-enäniň, ne-de çagany özünde saklaýan başga adamyň onuň göwnejaý terbiýelenmegini üpjün edip bilmejekdikleri takyklansa, onda kazyýet hossarlyk we howandarlyk edaralarynyň ýa-da prokuroryň hak islegi boýunça çagany hossarlyk we howandarlyk edaralarynyň hossarlygyna berýär.

6. Ata-eneleriň çagany kanunyň ýa-da kazyýet çözgüdiniň esasynda özünde saklaýan başga adamlardan (hossardan, howandarlardan, çagalar edaralaryndan we başgalardan) öz çagasyny alyp bermek hakyndaky hak isleglerine seredilende, kazyýetler çagany şu görkezilen adamlara ýa-da çagalar edaralaryna berilmegine esas bolan ýagdaýlaryň şu jedel ýüze çykan döwrüne çenli üýtgändigini ýa-da üýtgemändigini, çagalaryň ata-enelerine gaýtarylyp berilmeginiň olaryň bähbitlerine laýyk gelýändigini ýa-da gelmeýändigini aýdyňlaşdyrmalydyrlar.

7. Çagasyndan aýry ýaşaýan atanyň (enäniň) çagany terbiýelemäge gatnaşmak tertibi ata-enäniň arasyndaky ylalaşyk boýunça, şeýle ylalaşyk bolmasa, hossarlyk we howandarlyk edaralary tarapyndan kesgitlenýär (Türkmenistanyň MK-nyň 90-njy maddasy).

Eger ata-ene hossarlyk we howandarlyk edarasynyň çykaran çözgüdine boýun egmeýän bolsa, onda bu edara, şeýle hem ata-enäniň her biri jedeli çözmek üçin kazyýete ýüz tutmaga haklydyr.

Kazyýet aýry ýaşaýan atanyň (enäniň) çagany terbiýelemäge gatnaşmak tertibini kesgitleýär we beýleki enäni (atany) onuň çagany terbiýelemäge gatnaşmagyna päsgel bermezlige borçly edýär.

Atanyň, enäniň çaga bilen aragatnaşyk etmeginiň ýygylygyny (aýda, hepdede näçe gezek), ýerini (ejesiniň, kakasynyň öýünde, mekdepde, çagalar bagynda we ş.m.) we dowamlylygyny (uzyn gün, birnäçe sagat) kazyýetiň anyk kesgitlemegi zerurdyr.

Ata-enäniň çagasyny terbiýelemäge gatnaşmagyna çagany kanunyň ýa-da kazyýet çözgüdiniň esasynda özünde saklaýan başga adamlaryň döredýän päsgelçiligini aýyrmak baradaky mesele hem kazyýet tarapyndan şuňa meňzeş çözülýär.

8. Ata-enäniň mahrum edilip bilinýän ata-enelik hukuklary diýip, çagalary kämillik ýaşyna ýetýänça terbiýelemek, olaryň bähbitlerini goramak we wekilçiligini etmek, başga adamlardan çagany alyp bermegi talap etmek, onuň perzentlige alynmagyna razyçylyk bermek barasyndaky we ş.m. hukuklaryna düşünilmelidir.

9. Ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilen adamlar çagalary diňe bir kämillik ýaşyna ýetýänçä ata-ene hökmünde bar bolan hukuklaryndan däl-de, eýsem şol çaga bilen garyndaşlyk ýagdaýyna esaslandyrylan beýleki hukuklaryny hem ýitirýärler (kämillik ýaşyna ýeten çagalarynyň ony eklemegine bolan hukugyny-Türkmenistanyň MK-nyň 152-nji maddasynyň 5-6-njy bölekleri, çagalar ölenden soň hemaýat puly bilen üpjün edilmek hukugyny, miras almak hukugyny Türkmenistanyň RK-nyň 1117-nji maddasy we başgalar**).**

10. Ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek hakyndaky işler boýunça diňe çaganyň dogluşy hakynda ýazgyda ata-enäniň biri hökmünde görkezilen adam ýa-da hossarlar (howandarlar) hak isleýji bolup biler. Ýerine ýetiriji häkimiýetiň edaralary eger hereket edýän kanunçylyk tarapyndan olaryň üstüne kämillik ýaşyna ýetmedikleriň hukuklaryny we bähbitlerini goramak borjy ýüklenen bolsa, Türkmenistanyň RIÝK-nyň 130-njy maddasy esasynda şeýle işler boýunça hak isleýji bolup bilerler.

11. Perzentlige alan we hakykat ýüzünde çagany terbiýeleýän adamlara ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek hakyndaky talap bildirilip bilinmez.

Perzentlige alanlar öz üstlerine ýüklenen ata-enelik borçlaryny ýerine ýetirmekden ýüz dönderýän, ata-enelik hukuklaryndan hyýanatçylykly peýdalanýan, perzentlige alan çagasyna rehimsiz garaýan bolsalar, arakhorlukdan, neşekeşlikden, toksikomaniýadan ýa-da psihoaktiw maddalara baglylykdan ejir çekýän bolsalar, onda ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek meselesi däl-de, perzentlige almagy ýatyrmak barada mesele goýlup bilner.

Kazyýet çaganyň iň gowy bähbitlerini we pikirini nazara almak bilen çagany perzentlige almagy başga esaslar boýunça hem ýatyrmaga haklydyr (Türkmenistanyň MK-nyň 126-njy maddasy).

12. Türkmenistanyň MK-nyň 127-nji maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda, perzentlige almak ýatyrylanda, kazyýet çaganyň maddy kömege mätäçdigini takyklap, çagany ekläp-saklamak üçin serişde tölemäge öňki perzentlige alany borçly etmäge haklydyr.

Şeýle ýagdaýda çagany ekläp-saklamak üçin serişde töletdirip almak öňki perzentlige alanyň we hak isleýjiniň maddy we maşgala ýagdaýlary nazara alnyp, kazyýet tarapyndan kesgitli pul möçberi görnüşinde amala aşyrylýar.

13. Perzentlige almak diňe Türkmenistanyň MK-nyň 124-nji maddasynda görkezilen ýagdaýlarda, haçan-da perzentlige almak galp resminamalara esaslanan bolsa ýa-da Türkmenistanyň MK-nyň 107-nji maddasyna laýyklykda perzentlige alýan bolup bilmeýän adam tarapyndan perzentlige alnan bolsa, şeýle hem perzentlige almaklyk galp bolup çykan mahalynda we başga halatlarda hakyky däl diýip ykrar edilip bilner.

Perzentlige almagy hakyky däl diýip ykrar etmek hakynda hak islegi bilen perzentlige almak netijesinde hukuklary bozulan her bir adam ýüz tutup biler, meselem, ata-eneler, perzentlige alanlar, kämillik ýaşyna ýeten perzentlige alnanlaryň özleri, perzentlige alanyň mirasdarlary, şeýle hem hossarlyk we howandarlyk edaralary we prokuror.

Türkmenistanyň MK-nyň 123-nji maddasynyň 3-nji we 4-nji böleklerinde degişli taraplaryň perzentlige almagyň hakyky däl diýip ykrar edilmegi we perzentlige almagyň ýatyrylmagy hakynda hak islegini bildirmäge haklydyklary göz öňünde tutulan.

Şol sebäpli perzentlige almak hakyndaky kararyň ýatyrylmagy barada bildirilen hak islegleriň kazyýet tertibinde seredilmäge degişli däldigine kazylaryň ünsüni çekmeli.

14. Hossaryň (howandaryň) çagany terbiýelemäge akýüreklilik bilen çemeleşmeýändigi sebäpli, ony öz borçlaryny ýerine ýetirmekden çetleşdirmek meselesi kazyýet tarapyndan däl-de, hossarlyk we howandarlyk edaralary tarapyndan çözülýär. Eger hossarlyk (howandarlyk) borçlaryndan çetleşdirilen adam çagany bermekden boýun towlaýan bolsa, onda oňa çagany almak hakyndaky hak isleg bildirilip bilner.

Ata-enäni (olaryň birini) ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek Türkmenistanyň MK-nyň 94-nji maddasynda kazyýet tertibinde geçirmeklik göz öňünde tutulýar. Şol maddanyň 3-nji bölegine laýyklykda, agzalan hak islege

seretmeklik hossarlyk we howandarlyk edarasynyň wekiliniň hökman gatnaşmagynda geçirmeklik baradaky kadanyň gyşarnyksyz berjaý edilmegi üçin kazyýetler işleri kazyýet seljerişine taýýarlamak üçin wagtynda çäreleri görmelidirler.

15. Ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek hakyndaky işler kazyýet seljerişine taýýarlanylanda hak isleýji ýa-da arza bilen kazyýete ýüz tutan prokuror tarapyndan çagalaryň dogluşy hakyndaky şahadatnama ýa-da olaryň nusgasy; çagalaryň ýaşaýyş şertleriniň barlananlygynyň ykrarnamasy; hossarlyk we howandarlyk edarasynyň ýolbaşçysy tarapyndan tassyklanan netijesi; içeri işler edaralarynyň seredilýän işe degişli teswirnamalary, derňew edaralarynyň we kazyýet kararlarynyň nusgalary, ata-enelere häsiýetnamalar; eger ata-ene arakhorlukdan ýa-da neşekeşlikden ejir çekýän bolsa-saglygy goraýyş edaralarynyň degişli resminamalary; jogap berijiniň ortaça aýlyk zähmet haky baradaky tassyknama we başga zerur subutnamalar kazyýete getirilip berilmelidir.

16. Ata-enäniň birini ata-enelik hukugyndan mahrum etmek hakyndaky hak islege seredilende, çagalaryň geljekde terbiýelenmeginiň degişli derejedäki şertlerini we atanyň (enäniň) hukuklaryny goramagy üpjün etmek üçin, kazyýet ähli ýagdaýda beýleki enäniň (atanyň) bolýan ýerini anyklamaga, ony işe gatnaşmaklyga çekmäge we hak islegi bildirilen halatynda, çagany onuň terbiýelemegine bermek meselesini ara alyp maslahatlaşmaga borçludyr.

17. Işiň ýagdaýlaryny we ata-eneleriň çagalaryna bolan gatnaşyklarynyň häsiýetini hemmetaraplaýyn aýdyňlaşdyrmak maksady bilen ata-enelik hukugyndan mahrum etmek hakyndaky talaplar düzgün bolşuna görä jogap berijiniň gatnaşmagynda kazyýet mejlisinde seredilmelidir.

Eger ozal jogap berijiden aliment tutulyp alynmadyk bolsa we ony tutup almak baradaky mesele ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek hakyndaky hak isleg bilen bilelikde çözülýän bolsa, kazyýet jogap berijiniň kazyýet mejlisine gelmekden boýun gaçyrýan halatynda, oňa jerime töletmäge we ony mejbury getirmäge haklydyr. Jogap berijiniň bolýan ýeri näbelli bolan mahalynda kazyýet ony gözlemegi yglan edýär.

18. Kämillik ýaşyna ýetmedik çaganyň bähbitlerine laýyklykda, kazyýet ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek hakyndaky hak isleg bilen bir wagtda gyzyklanýan adamlaryň jogap berijini jaýdan çykarmak hakyndaky hak islegine hem seretmäge haklydyr.

Eger ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilen ata (ene) umumy ýaşaýyş kadalaryny birsyhly bozup durmagy sebäpli şol çaga bilen bile ýaşamak mümkinçiligini aradan aýyrýan bolsa, duýduryş we jemgyýetçilik täsir ediş çäreleri hem netije bermedik bolsa, onda başga ýaşaýyş jaýyny bermezden, bu ata (ene) hossarlyk we howandarlyk edaralarynyň talap etmegi boýunça jaýdan çykarylyp bilner.

19. Ata-ene (olaryň biri) Türkmenistanyň MK-nyň 93-nji maddasynda göz öňünde tutulan esaslar boýunça günäli hereketler eden mahalynda ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilip bilnerler (çagalary terbiýelemek boýunça öz borçlaryny ýerine ýetirmekden boýun gaçyrmak ýa-da olaryň özleriniň ata-enelik hukuklaryny hyýanatçylykly peýdalanmagy, ýa-da çagalara rehimsiz garamagy,

ýa-da özleriniň jemgyýete ýat bolan bozuk gylyk-häsiýeti bilen çagalara zyýanly täsir edýändigi, eger olar arakhor ýa-da neşekeş bolsa).

Ata-eneleriň öz borçlaryny ýerine ýetirmekden boýun gaçyrmaklary haçan-da olar çagalarynyň ahlak terbiýesi, fiziki taýdan ösmegi, okap öwrenmegi, jemgyýet üçin peýdaly zähmete taýýarlanmagy barada alada etmedik mahalynda ýüze çykýar.

Ata-enelik hukuklaryndan hyýanatly peýdalanmak diýip, şu hukuklaryň çagalaryň bähbitleriniň zyýanyna peýdalanylmagyna, meselem, okap-öwrenmegine päsgel bermeklige, dilegçilik etmeklige yrmaklyga, ahlaksyzlyk, jemgyýete ýat bolan bozuk häsiýetli hereketleri etmäge çekmeklige düşünilmelidir.

Çagalara rehimsiz garamak olara fiziki ýa-da ruhy taýdan zor salmakda, terbiýelemekde ýol berilmesiz usullary ulanmakda, çagalaryň adamçylyk mertebesini peseltmekde ýüze çykyp bilýär.

Ata-eneleriň arakhordugy ýa-da neşekeşdigi degişli suratda lukmanlaryň netijesi bilen tassyklanan bolmalydyr. Şu esas boýunça ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmeklik jogap berijiniň kämillik ukyby çäkli diýlip ykrar edilendigine ýa-da ykrar edilmändigine garamazdan amala aşyrylyp bilner.

Arakhorlukdan ýa-da neşekeşlikden bejerilendigi ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek hakyndaky hak islegi kanagatlandyrmazlyga özbaşyna gürrüňsiz esas bolmaýar.

20. Atanyň (enäniň) kämillik ýaşyna ýetmedik çagasynyň garşysyna jenaýat edenligi üçin iş kesilmegi (olary jenaýatly işlere, arakhorluga çekmek, şeýle hem azgynçylykly hereketleri etmek we başgalar) ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmäge esas bolup biler. Şunda atanyň (enäniň) kazyýetde işine seredilmegi başga jenaýatlar üçin bolsa ýa-da günäli hereketleriniň şol çagalary barasyndadygy anyklanmadyk bolsa, ol onuň ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilmegine getirmeýär.

21. Ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmekligiň iň soňky berk çäredigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli. Atanyň (enäniň) günäli hereketiniň subut bolan mahalynda, diňe aýratyn ýagdaýlarda onuň hereketleriniň häsiýetini, şahsyýetini we başga anyk ýagdaýlary nazara alyp, kazyýet ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek hakyndaky hak islegini kanagatlandyrman galdyrmaga we jogap berijä özüniň çagalary terbiýelemäge bolan gatnaşygyny üýtgetmegiň zerurdygyny duýdurmaga, şonda onuň öz ata-enelik borçlaryny ýerine ýetirişine gözegçilik etmekligi hossarlyk we howandarlyk edaralarynyň üstüne ýüklemäge haklydyr. Ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek hakyndaky hak islegi kanagatlandyrman galdyryp, kazyýet görkezilen ýagdaýlaryň barlygynda, eger çagalaryň bähbitleri üçin zerur bolsa, çagany ata-eneden alyp, ony hossarlyk we howandarlyk edaralaryna bermek meselesini hem çözmäge haklydyr.

22. Özüniň ruhy taýdan näsaglygy, kemakyldygy ýa-da başga durnukly näsaglygy netijesinde we onuň özüne bagly bolmadyk başga sebäpler boýunça özüniň ata-enelik borçlaryny ýerine ýetirmeýän adamlar ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilip bilinmezler.

23. Kazyýetiň ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek hakyndaky çözgüdinde çaganyň terbiýelemek üçin kime berilýändigi: beýleki ata (enä), hossarlyk we howandarlyk edaralaryna ýa-da hossara (howandara), (eger ol eýýäm

kanun tarapyndan kesgitlenen tertipde bellenilen bolsa), berilýänligi görkezilen bolmalydyr.

Çagany beýleki ata (enä) bermek mümkin däl mahalynda ýa-da ata-enäniň ikisiniň hem ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilen ýagdaýynda (eger heniz hossar bellenmedik bolsa) çaga hossarlyk we howandarlyk edaralarynyň hossarlygyna berilmelidir.

Çagany garyndaşlarynyň we başga adamlaryň terbiýelemegine bermeklige, eger olar onuň hossary ýa-da howandary diýip bellenen bolsa ýol berilýär.

Çagany hossarlyk we howandarlyk edaralarynyň hossarlygyna berende, kazyýet çagany ýerleşdirmegiň anyk tertibini kesgitlemäge (çagalar edaralaryna, mekdep internata ýerleşdirmek, hossar bellemek we ş.m.) haksyzdyr, sebäbi bu mesele görkezilen edaralaryň aýratyn ygtyýarlygyna degişlidir.

Ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek hakyndaky çözgüdiň nusgasy kazyýet tarapyndan hossarlyk we howandarlyk edaralaryna, RÝNÝ edarasyna, şeýle hem çagalaryň ýaşaýyş jaý hukuklarynyň bozulmagynyň öňüni almak üçin, ýaşaýyş jaý edaralaryna iberilmelidir.

24. Türkmenistanyň MK-nyň 95-nji maddasynyň 2-nji we 3-nji böleklerine laýyklykda, ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilendikleri olary çagalary ekläp-saklamak borjundan boşatmaýar. Şu sebäbe görä, jogap beriji ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilende, kazyýet şonuň bilen bir wagtda talap bildirilendigine ýa-da bildirilmändigine garamazdan, ondan aliment tutup almak meselesini çözmelidir.

Ata-enäniň biriniň ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilen we çagalar beýleki atanyň (enäniň), hossaryň ýa-da howandaryň terbiýelemegine berlen mahalynda, aliment şol adamlaryň peýdasyna tutulyp alynýar.

Ata-enelik hukuklaryndan ata-enäniň ikisi hem mahrum edilende ýa-da olaryň biri mahrum edilip, ýöne çagany beýleki ata (enä) bermek mümkin däl mahalynda, döwlet çagalar edaralarynda bolýan çagalary ekläp-saklamak üçin ata-enelerden töletdirip alynýan serişdeler Türkmenistanyň MK-nyň 144-nji maddasynda bellenilen möçberlerde agzalan Kodeksiň 150-nji maddasyna laýyklykda, terbiýelenýänleriň Türkmenistanyň karz edaralarynda açylan degişli hasaplaryna geçirilýär. Eger ene-atalar çagalaryny ekläp saklamak üçin töleg tölemekden kanun boýunça boşadylmadyk bolsalar, onda çagalary ekläp-saklamak üçin serişdeler olaryň her birinden töletdirip alynýar.

Ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilen ata-eneden aliment, adatça, hak isleg bildirilen pursatyndan başlap töletdirip alynmaga degişlidir. Eger-de kazyýet aliment başga pursatdan başlap alynmaga degişli diýip hasap etse, onda özüniň gelen netijesini çözgütde delillendirmelidir.

Ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilen adamlardan aliment töletdirip almak bilen baglanyşykly ýüze çykýan meseleler, mysal üçin, eger çagalar ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek hakyndaky çözgüt çykarylandan soň olar ata-enäniň elinden alynýança şolar bilen bile ýaşaýan bolsalar, onda alimenti kimiň peýdasyna töletdirilmelidigini görkezmek, töletdirmegiň möhleti hakyndaky meseleler Türkmenistanyň RIÝK-nyň 246-njy maddasynda göz öňünde tutulan tertipde çözülmäge degişlidir.

25. Ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilen adamlara çagalara bellenen hemaýat puluny, kömek pullaryny, beýleki tölegleri, şeýle hem onuň peýdasyna töletdirip alnan aliment tölemek bes edilýär. Şu sebäbe görä, işlere seredilende kazyýetler şu meseleleri aýdyňlaşdyrmalydyrlar we ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek hakyndaky çözgüt kanuny güýje girenden soň, onuň nusgalaryny degişlilikde görkezilen tölegleri geçirýän edara ýa-da şeýle tölegler hakyndaky çözgüdiň çykarylan ýerindäki kazyýete şol serişdeleri çagalar edarasynyň ýa-da çagany terbiýelemäge berlen adamyň peýdasyna geçirmek hakyndaky meseläni ara alyp maslahatlaşmak üçin ibermelidirler.

26. Türkmenistanyň MK-nyň 97-nji maddasyna laýyklykda ata-enelik hukuklaryny dikeltmek hakyndaky hak isleglere seredilende, kazyýetler ata-eneleriň durmuş ýagdaýlarynyň üýtgändigini ýa-da üýtgemändigini we olaryň çagalary dogry terbiýeläp biljekdiklerini ýa-da bilmejekdiklerini aýdyňlaşdyrmalydyrlar.

Ata-enelik hukuklaryny dikeltmeklige, eger ol çagalaryň bähbitlerine laýyk gelýän bolsa ýol berilýär.

Eger çagalar başga adamlar tarapyndan perzentlige alnan bolsalar we perzentlige almak ýatyrylmadyk ýa-da hakyky däl diýip ykrar edilmedik bolsa, ata-enelik hukuklaryny dikeltmeklige ýol berilmeýär.

27. Ata-enelik hukuklaryny dikeltmek hakynda hak islegleri çaganyň kimiň hossarlygynda bolýandygyna baglylykda beýleki ata (enä) ýa hossara (howandara), ýa-da çagalar edaralaryna bildirilýär. Şu işlere hossarlyk we howandarlyk edaralarynyň gatnaşmagy bilen kazyýetler tarapyndan seredilmelidir.

Ata-enelik hukuklaryny dikeltmek hakyndaky talap bilen bir wagtda şol bir adamyň çagany özüne berilmegi hakyndaky hak isleginň hem seredilip bilner.

Ata-enelik hukuklarynyň dikeldilendigi baradaky çözgüdiň nusgasy kazyýet tarapyndan hossarlyk we howandarlyk edarasyna we çaganyň doglanlygy resmileşdirilen ýerindäki RÝNÝ edarasyna iberilmelidir.

28. Kazyýet birnäçe anyk sebäplere görä (ata-eneleriň, hossarlaryň psihiki bozulma ýa-da başga dowamly kesel, agyr ýagdaýlarynyň gabat gelmegi we ş.m.), çagalary şol adamlarda galdyrmagyň howpludygyny ýa-da olaryň janlaryna ýa saglygyna göz-görtele howp abanýandygyny takyklan mahalynda, Türkmenistanyň MK-nyň 98-nji we 99-njy maddalaryna laýyklykda, şol Kodeksiň 98-nji maddasynda görkezilen adamlaryň we edaralaryň hak islegi boýunça şol ata-eneleri ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmezden, çagalary olardan alyp, hossarlyk we howandarlyk edaralarynyň hossarlygyna bermek barada çözgüt çykaryp biler.

Çagalary perzentlige alanlardan hem yzyna almak baradaky mesele, eger perzentlige almagy ýatyrmaklyga kanun tarapyndan bellenilen esaslar ýok bolsa, şeýle tertipde çözülip bilner.

Çagalar ata-enäniň ýa-da perzentlige alanlaryň elinden alnanda kazyýet olardan çagalar üçin aliment töletdirip almak meselesini ara alyp maslahatlaşmalydyr.

Çagalary ata-enelerine we perzentlige alanlara gaýtaryp bermeklik çagalary olaryň elinden almak üçin esas bolup hyzmat eden sebäpler aradan aýrylandan soň, çagalaryň bähbitlerinden ugur alnyp, kazyýetiň çözgüdi boýunça geçirilip bilner.

29. Çagalary terbiýelemek bilen baglanyşykly jedelleriň hemmesine hem kazyýetde seredilende, çagalaryň bähbitlerini goramak üçin berlen hak isleginiň kim tarapyndan bildirilendigine garamazdan, degişli hossarlyk we howandarlyk edarasy gatnaşdyrylmalydyr. Eger şu edara iş boýunça tarap bolmaýan bolsa, onda olar ýerine ýetiriji häkimiýetiň edaralary hökmünde özleriniň üstüne ýüklenen borçlaryny amala aşyrmak maksady bilen iş boýunça netije bermek üçin, kazyýet tarapyndan kazyýet seljerişine gatnaşmaga çekilýärler (Türkmenistanyň MK-nyň 101-nji we RIÝK-nyň 130-njy maddalary).

Hak isleginiň düýp manysy boýunça hossarlyk we howandarlyk edarasynyň beren netijesine kazyýet işiň beýleki maglumatlary bilen birlikde baha berýär. Barlag geçirilişiniň hili ýokary we doly bolmasa, gelnen netije işiň ýagdaýlaryna ters gelýän bolsa, şeýle hem barlag geçiren adamyň bu işe tarapgöýsüz çemeleşendigini barlamak zerur bolanda, kazyýet gaýtadan barlag geçirmek hakynda kesgitnama çykarmaga haklydyr. Şu netije bilen kazyýetiň razylaşmaýanlygy iş boýunça kabul edilen çözgütde delillendirilmelidir.

Çagalary terbiýelemek bilen baglanyşykly jedelleriň dogry we öz wagtynda çözülmeginde hossarlyk we howandarlyk edarasynyň kazyýet mejlisine gatnaşmagynyň gyşarnyksyz üpjün edilmeginiň örän wajypdygyny kazylar ünsden düşürmeli däldirler.

30. Çagalary terbiýelemek bilen baglanyşykly işleri öz wagtynda we dogry çözmek maksady bilen kazyýetler her bir işiň öz aýratynlyklaryny nazara alyp, olary kazyýet seljerişine aýratyn üns bilen taýýarlamalydyrlar. Şu işlere diňe hossarlyk we howandarlyk edaralarynyň çaganyň ýaşaýyş şertlerini barlandyklary baradaky bellenilen tertipde tassyklanan ykrarnamasy we şol ykrarnama esaslanýan netije alnandan soň kazyýetde seredilip bilner.

31. Çagalaryň özleriniň pikiri, olaryň taraplara bolan gatnaşygy bilim edaralary tarapyndan barlag geçirilende anyklanylýar. Eger işiň ýagdaýlary boýunça kazyýet tarapyndan çaganyň islegini anyklamak zerur diýip tapylsa, onda çaganyň ýaşyny we ösüşini nazara alyp, ondan sorag etmek pedagogyň ýa-da maşgala psihologynyň gatnaşmagynda, gyzyklanýan adamlaryň oňa täsir etmegine ýol bermeýän ýagdaýda geçirilmelidir.

32. Kazyýetlerde ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek hakyndaky, çagalary almak bilen baglanyşykly başga işler açylanda, aýratyn ýagdaýlarda, eger çagalaryň bähbitleri üçin zerur bolsa, kazy işleri kazyýet seljerişine taýýarlaýan döwründe ýa-da kazyýet işe seredýän döwründe, çözgüt çykarylmanka, çagany jogap berijiden wagtlaýyn almak meselesini çözmelidir. Şu mesele Türkmenistanyň RIÝK-nyň 161-nji maddasyna laýyklykda çözülýär.

33. Türkmenistanyň RIÝK-nyň 251-nji maddasyna laýyklykda, kazyýet zerur ýagdaýlarda çagalary ata-enelerden we başga adamlardan almak baradaky çözgüdiň haýal etmän ýerine ýetirilmegine ýol berip biler.

34. Çagalary terbiýelemek bilen baglanyşykly jedelleri çözmegiň aýratynlyklaryny nazara alyp, kazyýetler zerur halatlarda Türkmenistanyň RIÝK-nyň 246-njy maddasyna laýyklykda şeýle çözgütleri ýerine ýetirmegiň usulyny we tertibini kesgitlemek baradaky meseläni maslahatlaşmaga borçludyrlar. Çagalary almak we olary başga adamlara bermek bilen baglanyşykly çözgüdi mejbury ýerine

ýetirmeklik “Ýerine ýetiriş önümçiligi we kazyýet ýerine ýetirijileriniň hukuk ýagdaýy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 45-nji maddasyna laýyklykda, düzgün bolşuna görä, çözgüdi ýerine ýetirmäge borçly adamyň ýaşaýan ýerindäki kazyýet ýerine ýetirijisi tarapyndan amala aşyrylmalydyr. Eger çözgüdi ony ýerine ýetirmäge borçly adamyň ýaşaýan ýeri boýunça ýerine ýetirmek mümkin däl bolsa, onda ony ýerine ýetirmek çaganyň bolýan ýeri boýunça amala aşyrylyp bilner. Şeýle çözgütleri ýerine ýetirmek hossarlyk we howandarlyk edaralarynyň wekilleriniň hökmany gatnaşmagynda, (Türkmenistanyň MK-nyň 102-nji maddasynyň 2-nji bölegi) eger işiň hakyky ýagdaýlary sebäpli zerur bolsa, onda içeri işler edaralarynyň we jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleriniň gatnaşmagynda amala aşyrylmalydyr.

Türkmenistanyň RIÝK-nyň 237-nji maddasynyň 4-nji bölegine laýyklykda, çözgüdiň karara geliş böleginde çözgüt bilen gelnen netijäni RÝNÝ bölüminde bellige alynmagy üçin çaga barada zerur maglumatlaryň doly we dogry beýan edilmelidigine kazylaryň ünsüni çekmeli.

35. Kazyýetler çagalary terbiýelemek bilen baglanyşykly meseleleri düzgünleşdirýän kanunçylygyň bozulmalarynyň öňüni almak boýunça işleri has işjeň geçirmelidirler.

Eger işlere seredilende kazyýetler tarapyndan ýetginjekleriň kanun bozandyklary takyklansa, onda bu barada kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işleri baradaky topara ýa-da terbiýeçilik we öňüni alyş işleri boýunça zerur çäreleri geçirmek maksady bilen degişli edaralara habar bermelidir.

Çagalary saklaýan adamlar arakhor ýa-da neşekeş bolsalar, onda olary bejerişe ibermek hakyndaky meseläni çözmek üçin, kazyýetler bu barada degişli edaralara habar bermelidirler.

36. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň raýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri çagalary terbiýelemek bilen baglanyşykly jedelleriň dogry we birmeňzeş çözülmegi üçin kazyýet gözegçiligini güýçlendirmelidirler we aşakdaky kazyýetlere kanunçylygy ulanmakda degişli amaly kömeklerini bermelidirler.

37. Şu kararyň kabul edilmegi bilen, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumynyň 1998-nji ýylyň 25-nji aprelindäki “Çagalary terbiýelemek bilen baglanyşykly jedeller çözlende kazyýetler tarapyndan kanunçylygyň ulanylyş iş ýörelgeleri hakynda” 3 belgili kararyny (oňa soňky ýyllarda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen) güýjüni ýitiren hasap etmeli.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy G.Hallyýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy J.Açylow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 5

2020-nji ýylyň 17- nji oktýabry Aşgabat şäheri

Emlägi gozgamasyz etmekden boşatmak baradaky işlere seredilende, kanunçylygyň ulanylyşy boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda

(24.07.2021 ý. № 7; 18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen goşmaça we üýtgetmeler bilen)

Kazyýetler tarapyndan emlägi gozgamasyz etmekden boşatmak hakyndaky hak isleglerine seredilmegi, raýatlaryň eýeçilige bolan Konstitusion hukuklaryny goramagyň möhüm kepillendirmesidigini göz öňünde tutup, kazyýetler tarapyndan şu görnüşli işlere seredilende kanunçylygyň dogry ulanylmagyny üpjün etmek maksady bilen, "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Plenum

K A R A R E D Ý Ä R:

1. Emlägiň hak islegini üpjün etmek üçin gozgamasyz edilendigine, kazyýetiň çözgüdini ýa-da hökümini ýerine ýetirmek bilen algynyň bergidaryň emlägine gönükdirilendigine, miras galdyrylan emlägi goramak çäresi hökmünde ýa-da kanunda göz öňünde tutulan başga ýagdaýlarda döwlet notariusy tarapyndan ýazga alnandygyna garamazdan, emlägi gozgamasyz etmekden boşatmak baradaky jedellere kazyýetlerde hak isleýiş önümçiligi tertibinde seredilýär.

Eger kazyýetiň kanuny güýje giren hökümi bilen Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň (mundan beýläk Türkmenistanyň JIÝK-nyň) 130-njy maddasyna laýyklykda, muzdsuz alnan emlägiň jenaýatçylykly ýol bilen edinilendigi anyklanandygy ýa-da jenaýatyň guraly bolup durýandygy sebäpli maddy subutnama hökmünde meselesi çözülen bolsa, onda kazy üçünji tarapyň şeýle emlägi gozgamasyz etmekden boşatmak baradaky hak isleýiş arzasyny kazyýetde seredilmäge degişli däldigi üçin kabul etmekden ýüz dönderýär (Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň (mundan beýläk Türkmenistanyň RIÝK-nyň) 153-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 1-nji bendi). Şonuň bilen birlikde arza ýazanlara şol hökümiň üstünden gözegçilik tertibinde şikaýat getirmäge hukuklarynyň bardygy düşündirilýär.

Kazyýet kararlaryny ýerine ýetirmek bilen baglylykda emlägiň satylmagy, şol emläge bolan eýeçilik hukugyny ykrar etmek baradaky hak isleýiş arzasyny kabul etmekden ýüz döndermeklige esas bolup bilmez.

2. Emlägi gozgamasyz etmekden boşatmak hakyndaky hak isleglerіň aýratyn kazyýete degişlilik kadalary boýunça emlägiň ýerleşýän ýerindäki kazyýete

bildirilmelidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 40-njy maddasy).

3. Kanunçylygyň talaplaryna laýyklykda ýazgy geçirilmän we gozgamasyz edilmän, kanuny esaslar bolmazdan ygtyýarly edaralaryň ýa-da wezipeli adamlaryň hereketleri esasynda emläk saklananda ýa-da emläge eýelik etmeklik çäklendirilende, şol emlägi gozgamasyz etmekden boşatmak barada bildirilen hak isleýiş arza Türkmenistanyň RIÝK-nyň 153-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 1-nji bendi esasynda kabul etmekden ýüz dönderilmäge degişlidir. Şeýle ýagdaýlarda, ygtyýarly edaralaryň we wezipeli adamlaryň hereketleri şikaýat edilmäge degişlidir.

4. Bergidaryň (iş kesileniň) kazyýete emlägi gozgamasyz etmekden boşatmak baradaky hak isleýiş arzasy bilen ýüz tutmaga hukugynyň ýokdugyny kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

Şol bir wagtda bergidar (iş kesilen) ýetirilen zyýany meýletin tölän bolsa we onuň emlägini muzdsuz almak barada hökümde görkezilmedik ýagdaýynda ol ýa-da beýleki sebäplere görä ýazga alnan emlägi gaýtaryp bermekden ýüz dönderilen bolsa, onda ol şonuň ýaly hak isleýiş arzasy bilen ýüz tutup biler.

Emlägi gozgamasyz etmekden boşatmak hakyndaky hak islegleri bergidara we algydara bildirilýär, eger emlägiň muzdsuz alynmagy sebäpli emläk gozgamasyz edilen bolsa, onda iş kesilen adam we degişli maliýe edaralary jogap berijiler hökmünde işe çekilýärler, şeýle hak isleglerini emlägiň eýeleri tarapyndan-da, bergidara degişli bolmadyk emlägiň eýeleri tarapyndan-da bildirilip bilinýändigini kazyýetlere düşündirmeli (“Ýerine ýetiriş önümçiligi we kazyýet ýerine ýetirijileriniň hukuk ýagdaýy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 77-nji maddasynyň 3-nji we 4-nji bölekleri).

Töleg töledilip alnyp bilinmejek emlägiň kazyýet ýerine ýetirijisi tarapyndan gozgamasyz edilendigi sebäpli bergidaryň (iş kesileniň) ony gozgamasyz etmekligi ýatyrmak baradaky arzasy, şol emlägiň bergidara ýa-da başga birine degişlidigine garamazdan, kazyýet tarapyndan “Ýerine ýetiriş önümçiligi we kazyýet ýerine ýetirijileriniň hukuk ýagdaýy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 16-njy maddasynda göz öňünde tutulan düzgünler boýunça seredilýär.

Emläk bahasy tölenmän haýsydyr bir gurama berlen halatynda, onda emläk berlen şol gurama hem jogap beriji hatarynda çekilýär.

Höküminiň ýerine ýetirilmegi bilen emlägiň gozgamasyz edilmegi netijesinde bergidarda (iş kesilende) ýüze çykan beýleki meseleler, höküm çykaran kazyýet tarapyndan Türkmenistanyň JIÝK-nyň 480-nji, 481-nji maddalarynda görkezilen tertipde çözülýär.

5. Eger emlägi gozgamasyz etmek bilen baglanyşykly iş çözülmänkä, şol emlägi gozgamasyz etmekden boşatmak barada hak isleýiş arzasy berlen bolsa, onda kazyýetiň arzany kabul etmekden ýüz döndermäge hukugy ýokdur.

Şonuň ýaly hak islegine beýleki iş çözülýänçä seretmek mümkinçiligi bolmasa, kazyýet Türkmenistanyň RIÝK-nyň 254-nji maddasynyň 4-nji bendi esasynda emlägi gozgamasyz etmekden boşatmak baradaky iş boýunça önümçiligi togtadýar.

6. Emlägi gozgamasyz etmekden boşatmak baradaky hak isleýiş arzasy emlägiň eýesi tarapyndan, şonuň ýaly-da bergidara degişli bolmadyk emläge

kanuny esasda ýa-da şertnama esasynda eýelik edýän başga adam tarapyndan bildirilip bilner.

Bergidaryň (iş kesileniň) kämillik ýaşyna ýetmedik çagalarynyň emläk bilen bagly bähbitlerini goramak baradaky hak isleýiş arzalary olaryň enesi (atasy), hossary (howandary) ýa-da prokuror ýa-da hossarlyk we howandarlyk edarasy tarapyndan (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 9-njy maddasynyň 2-nji bölegi) bildirilip bilner.

7. Eger bergidar (iş kesilen) azatlykdan mahrum ediş ýerlerinde saklanylýan bolsa, onda kazy işi kazyýet seljerişine taýýarlanda, kazyýet tabşyrygy arkaly oňa gowşurmak üçin hak isleýiş arzasynyň hem-de işi kazyýet seljerişine taýýarlamak hakynda kesgitnamanyň nusgalaryny ibermelidir we bergidaryň (iş kesileniň) bildirilen hak islegi baradaky pikirini anyklamalydyr.

8. Gurlup gutarylmadyk jaýy gozgamasyz etmekden boşatmak baradaky hak islegi bilen bergidaryň aýaly (äri), şeýle hem umumy eýeçiligi döretmek maksady bilen gurluşyga gatnaşan maşgala agzalary we beýleki raýatlar ýüz tutup bilerler.

9. Girewe goýlan emlägi gozgamasyz etmekden boşatmak baradaky jedeller boýunça, kazy işi kazyýet seljerişine taýýarlaýyş döwründe ýa-da işe seredilýän döwründe girew saklaýjyny iş boýunça üçünji tarap hökmünde çekmek baradaky meseläni çözmelidir.

Üçünji tarap hökmünde: gozgamasyz edilen emlägi karzyna satan söwda guramalary, öz serişdelerine jaýlary guran we olary ýeňillikli şertler bilen işgärlere satan kärhanalar, guramalar, daýhan birleşikleri, karzyna pul beren banklar we beýleki gyzyklanýan guramalar çekilip bilner.

10. Türkmenistanyň RIÝK-nyň 84-nji maddasynyň 1-nji bendinde göz öňünde tutulan döwlet pajynyň möçberiniň diňe emlägi gozgamasyz etmek baradaky meseläniň şol emläge eýeçilik hukugyny ykrar etmek hakyndaky talap bilen bagly bolmadyk halatynda tutulyp alynýandygyny kazyýetlere düşündirmeli.

Eger hak isleýiş arzasynda emläge eýeçilik hukugyny ykrar etmek we ony gozgamasyz etmekden boşatmak baradaky bir-biri bilen bagly bolan talaplar birleşdirilen bolsa, onda bu arza boýunça döwlet pajy hak isleginiň bahasyndan ugur alnyp tölenilmäge degişlidigini kazyýetlere düşündirmeli.

11. Kazy emlägi gozgamasyz etmekden boşatmak baradaky hak isleýiş arzasyny kabul edenden soň, şu iş boýunça çözgüt kanuny güýje girýänçä, "Ýerine ýetiriş önümçiligi we kazyýet ýerine ýetirijileriniň hukuk ýagdaýy hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 51-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 7-nji bendine laýyklykda, emläk gozgamasyz edilmegine getiren iş boýunça ýerine ýetiriş önümçiliginiň hak islegi bildirilen emlägiň degişli bölegine ýerine ýetiriş hereketler togtadylmaga degişlidir.

Eger ýerine ýetiriş önümçiligi başga kazyýetde bolsa, onda ýerine ýetiriş önümçiligini togtatmak üçin, bildirilen hak islegi barada şol kazyýete habar berilmelidir.

Emlägi gozgamasyz etmekden boşatmak baradaky hak isleginiň bildirilmegi bergidaryň zähmet hakyndan we beýleki girdejilerinden tutumlaryň tutulmagyna päsgelçilik döretmeýär.

12. Agzalan görnüşdäki hak isleýiş arzalarynyň ýanyna emlägi gozgamasyz etmek baradaky ykrarnamanyň nusgasy, hökümiň, çözgüdiň ýa-da emlägiň gozgamasyz edilmegine getiren başga kararyň nusgasy we hak isleýjiniň talaplaryny tassyklaýan başga resminamalar (sowgat bermek, satyn almak-satmak baradaky şertnamalar, wesýetnama, hasaplaşyk hatlary we ş.m.) goşulmalydyr.

Şonuň bilen birlikde, emlägiň hak isleýjä degişlidigi, subut etmegiň diňe kesgitli serişdeleri bilen tassyklanylmaly bolsa (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 49-njy maddasy), onda subut etmegiň diňe ýol berlen serişdelerini kazyýetiň ünse alyp bilýändigi göz öňünde tutulmalydyr. Hususan-da, emlägiň Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň (mundan beýläk Türkmenistanyň RK-nyň) 94-nji, 276-njy, 561-nji, 663-nji maddalarynyň talaplarynyň bozulyp edinilmegi şaýatlaryň görkezmeleri bilen tassyk edilip bilinmez.

13. Eger jenaýat işi boýunça kazyýetiň hökümi bilen emlägiň iş kesilene degişlidigi anyklanan bolsa, onda jenaýat netijesinde ýetirilen zyýany öndürmek baradaky tölegler "Ýerine ýetiriş önümçiligi we kazyýet ýerine ýetirijileriniň hukuk ýagdaýy hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 64-nji maddasynyň 4-nji bölegine laýyklykda, bergidaryň beýleki adamlar bilen başga umumy emlägi bar bolsa, töleg Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bellenilýän onuň paýyndan tutulyp alnyp bilner.

Maliýe edarasy ýa-da prokuror tarapyndan emlägiň döwletiň we jemgyýetiň bähbitlerine garşy gelýän hereketler netijesinde edilendigini ykrar etmek (Türkmenistanyň RK-nyň 79-njy maddasy) hem-de ony döwletiň haýryna geçirmek baradaky hak islegi bildirilen bolsa, onda ol kazyýet tarapyndan agzalan emlägi gozgamasyz etmekden boşatmak baradaky hak islegi bilen bir işde seredilip bilner.

Şunuň bilen birlikde, Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 12-nji maddasyna laýyklykda, eýeçiligiň eldegrilmesizdigini kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar. Kanunda gadagan edilen usul bilen edinilen eýeçilikden başga eýeçiligiň adamyň elinden muzdsuz alynmagyna ýol berilmeýär.

Emlägiň kanunda gadagan edilen usul bilen edinilmegi bilen baglanyşykly ýagdaýlar, maliýe edarasy ýa-da prokuror tarapyndan bildirilen hak isleglerine seredilende anyklanylyp bilner.

Şol bir wagtyň özünde emlägi gozgamasyz etmekden boşatmak baradaky hak islegine seredende kazyýetiň öz başlangyjy boýunça emlägiň kanunda gadagan edilen usul bilen edinilendigini anyklamaga haky ýokdur.

14. Är-aýalyň biriniň bilelikdäki umumy eýeçiligine degişli bolan emläkden özüne düşýän paýyny gozgamasyz etmekden boşatmak baradaky hak islegini çözenlerinde kazyýetler, Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 52-nji maddasyna laýyklykda, är-aýalyň nikaly döwründe eden emläkleriniň olaryň bilelikdäki umumy eýeçiligi bolup duryandygyny we şol emläk paýlanylanda olaryň paýynyň deň diýlip ykrar edilýändigini göz öňünde tutmalydyrlar. Kazyýet diňe çagalaryň bähbitlerini ýa-da är-aýalyň biriniň üns berilmäge degişli bähbitlerini nazara alyp, är-aýalyň paýynyň deň bolmagy baradaky düzgünden çykyp biler.

Är-aýalyň umumy emläkdäki paýynyň möçberini we oňa anyk haýsy emlägiň berilmelidigini, kazyýet kanun esasynda ýerine ýetiriş resminamalar boýunça töleg töledilip alnyp bilinmejek emläkleri ýa-da muzdsuz alynmaga degişli bolmadyk

emläkleri hem hasaba almak bilen bilelikde edinilen ähli emlägi nazara alyp kesgitleýär. Şonuň bilen birlikde är-aýalyň hersine gozgamasyz edilmäge degişli bolan emläk bilen bir hatarda gozgamasyz edilmäge degişli bolmadyk emläkler hem deň paýda bölünip berilmelidir.

Daýhan hojalygyna degişli emlägi gozgamasyz etmekden boşatmak barada hak islegi bildirilen halatynda, kazyýet haýsy emlägiň bitewilikde şol hojalyga degişlidigini, haýsysynyň bolsa aýratynlykda onuň agzalaryna degişlidigini, daýhan hojalygynyň giden ýa-da çykan agzalarynyň umumy emläkdäki paýyna bolan hukugyny ýitirendigini – ýitirmändigini anyklamaga borçludyr.

15. Är-aýala degişli emlägiň möçberi, şeýle hem bergidaryň daýhan hojalygyndaky paýynyň möçberi, bölünmeýän emläkdäki paýy kesgitlenilende, kazyýet emlägiň ulanyşda bolmagyny göz öňünde tutup, onuň çözgüt çykarylan wagtyndaky bazar bahasyndan ugur almalydyr. Eger emlägiň aýratyn bir görnüşine baha kesmekde kynçylyk ýüze çyksa, ýa-da hak isleýji ýa jogap beriji emläk ýazga alnanda görkezilen baha bilen razylaşmasa, onda kazyýet ýazga alnan emlägiň hakyky bahasyny anyklamak üçin bilermenler seljermesini belläp biler.

16. Emlägi gozgamasyz etmekden boşatmak baradaky hak islegi kanagatlandyrylanda, kazyýet anyk haýsy emlägiň hak isleýjä degişli diýlip bilnendigini we şonuň netijesinde gozgamasyz etmekden boşadylýandygyny çözgütde görkezmelidir.

Bergidar bilen umumy eýeçilikde bolan jaýyň bir bölegini gozgamasyz etmekden boşatmak barada çözgüt çykaranda, kazyýet jaýda haýsy paýyň gozgamasyz etmekden boşadylmaga degişlidigini çözgütde görkezmäge borçludyr.

Eger hak isleýjiniň hem paýy bar bolan emläk bölünmeýän bolsa, kazyýet onuň ýerine ýazga goşulan başga emlägi berip biler. Emlägi şunuň ýaly tertipde çalşyrmaga mümkinçilik ýok bolsa, kazyýet kanunyň umumy eýeçilikdäki emlägi bölüp bermek usulyny ulanmak bilen, bölünmeýän emlägi gozgamasyz etmekden boşadyp biler, şonda hak isleýjä emlägiň özüne düşýän paýyndan galan böleginiň bahasy pul görnüşinde töletdirilýär; kazyýet anyk ýagdaýlara baglylykda bu emlägi ýazgyda galdyrmak bilen, emlägiň gozgamasyz edilmeginde bähbidi aralan guramalary ýa-da raýatlary bölünmeýän emläkdäki paýynyň bahasyna deň puly hak isleýjini tölemäge borçly edip biler.

17. Kazyýetler emlägi gozgamasyz etmekden boşatmak baradaky talaplara Türkmenistanyň RK-nyň 149-njy maddasynyň ikinji böleginde görkezilen hak isleýiş wagtynyň on ýyllyk möhletiniň degişlidigini göz öňünde tutmalydyr. Hak isleýiş wagtynyň möhleti talabyň ýüze çykan pursatyndan, ýagny fiziki ýa-da ýuridik şahsyň özüne degişli emlägiň gozgamasyz edilendigini bilen ýa-da bilmeli gününden başlap ýüze çykýar.

18. Kazyýet işe seredende, emläk gozgamasyz edilende degişli wezipeli adam tarapyndan kanunyň talaplarynyň berjaý edilendigine üns bermäge borçludyr, hususan-da, ýazga almak baradaky ykrarnamada beýleki emläkleriň hem, şol sanda bergidaryň başga adamlar bilen eýeçiliginde bolan gozgamasyz edilmedik emläkleriniň hem görkezilendigini, şeýle hem ýerine ýetiriş resminamalary boýunça töleg töledilip alnyp bilinmejek emlägiň gozgamasyz edilmändigini barlamalydyr.

Ýerine ýetiriş resminamalary boýunça töleg töledilip alnyp bilinmejek emlägiň gozgamasyz edilendigini anyklan ýagdaýynda kazyýet, “Ýerine ýetiriş önümçiligi we kazyýet ýerine ýetirijileriniň hukuk ýagdaýy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 77-nji maddasynyň 6-njy bölegine laýyklykda, hak isleýji tarapyndan bildirilen talaplara garamazdan, şol emlägi gozgamasyz etmekligi ýatyrýar.

19. Gozgamasyz edilen emläk ony ynanylan adam tarapyndan harç edilse, alynsa ýa-da gizlenilse, kazyýet şol adamlary kanunda göz öňünde tutulan jogapkärçilige çekmek baradaky meseläni çözmelidir we bähbidi aralyp emläk gozgamasyz edilen guramalara ýa-da raýatlara ýetirilen zyýany günäkär adamlara töletdirmek baradaky hak islegi bilen kazyýete ýüz tutmaga hukuklarynyň bardygyny düşündirmelidir.

20. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň raýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri degişli kazyýetler tarapyndan emlägi gozgamasyz etmekden boşatmak baradaky işleriň seredilişine kazyýet gözegçiligini güýçlendirmelidirler we ol görnüşli işleriň dogry çözülmegini üpjün etmek maksady bilen, kazyýetleriň sereden işlerini wagtal-wagtal umumylaşdyryp, olara kanunçylygy ulanmakda amaly kömekleri bermelidirler.

21. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumynyň 1996-njy ýylyň 18-nji dekabryndaky “Kazyýetler tarapyndan emlägi gozgamasyz etmekden boşatmak baradaky işlere garalanda kanunçylygyň ulanylyşy hakynda”№ 6 belgili kararyny güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy G.Hallyýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy J.Açylow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 6

2020-nji ýylyň 17-nji oktýabry Aşgabat şäheri

Kazyýetler tarapyndan raýat ýagdaýynyň namalaryny döwlet belligine almakdan we raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyna üýtgetmeleri, goşmaçalary we (ýa-da) düzedişleri girizmekden RÝNÝ edaralarynyň ýüz döndermegine berlen şikaýatlary seretmekligi düzgünleşdirýän kanunçylygyň ulanylyş iş tejribesi hakynda

(18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3; 19.10.2024 ý. № 9; 19.07.2025 ý. № 4; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy raýat ýagdaýynyň namalaryny döwlet belligine almakdan we raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyna üýtgetmeleri, goşmaçalary we (ýa-da) düzedişleri girizmekden RÝNÝ edaralarynyň ýüz dönderilmegine berlen şikaýatlaryň dogry we öz wagtynda seredilmeginiň raýatlaryň hukuklaryny we kanun tarapyndan goralýan bähbitlerini, şeýle hem döwlet bähbitlerini goramakda uly ähmiýetiniň bardygyny belleýär.

Kazyýetler agzalan şikaýatlar boýunça gozgalan raýat işlerine seredenlerinde "Raýat ýagdaýynyň namalary hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň, Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň (mundan beýläk Türkmenistanyň RIÝK-nyň), Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň (mundan beýläk Türkmenistanyň MK-nyň) 188-nji maddasynyň we Türkmenistanyň Prezidentiniň 2024-nji ýylyň 2-nji ýanwaryndaky 834-nji belgili karary bilen tassyklanan "Raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet belligine alynmagynyň tertibi hakynda" Düzgünnamanyň talaplaryny pugta berjaý etmelidirler.

Kazyýetler tarapyndan şu görnüşli işlere seredilende kemçilikleri aradan aýyrmak, şeýle hem kazyýetler tarapyndan kanunçylygyň birmeňzeş ulanylmagyny üpjün etmek maksady bilen, "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Plenum

K A R A R E D Ý Ä R:

1. Türkmenistanyň RIÝK-nyň 289-njy maddasynyň talaplaryna laýyklykda, raýat ýagdaýynyň namalaryny döwlet belligine almakdan ýüz dönderilmegine we raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyna üýtgetmeler, goşmaçalar we (ýa-da) düzedişler girizmekden RÝNÝ edaralarynyň ýüz döndermegi bilen bagly şikaýatlara kazyýet tarapyndan arza berijiniň ýaşaýan ýerinde seredilýär.

2. Şikaýatda raýat ýagdaýynyň namalaryny döwlet belligine almakdan haýsy edara tarapyndan ýüz dönderilendigi we haýsy sebäpler boýunça döwlet belligine

almakdan ýüz dönderilendigi görkezilmelidir. Şikaýata raýat ýagdaýynyň namalaryny döwlet belligine almakdan ýüz dönderilendigi hakynda RÝNÝ edarasynyň netijenamasy we iş boýunça zerur bolan beýleki resminamalar goşulmalydyr.

Şikaýatda haýsy edara tarapyndan ýazgynyň geçirilendigi, onuň nädogrulygynyň nämeden ybaratdygy we haýsy subutnamalar bilen munuň tassyklanýandygy, haýsy sebäpler boýunça ýazga üýtgetme, goşmaça we (ýa-da) düzediş girizmekden ýüz dönderilendigi görkezilmelidir. Şikaýata degişli ýazgynyň nusgalary, onuň esasynda berlen şahadatnama, ýazga üýtgetme, goşmaça we (ýa-da) düzediş girizmekden ýüz döndermek hakynda RÝNÝ edarasynyň netijenamasy we iş boýunça beýleki zerur resminamalar goşulmalydyr.

3. "Raýat ýagdaýynyň namalary hakynda" Türkmenistanyň Kanunynda, Türkmenistanyň MK-nde we raýat ýagdaýynyň namalaryny döwlet belligine almak işini düzgünleşdirýän beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda kesgitlenilen kadalara çapraz gelýän halatlaryň bolmadyk ýagdaýlarynda, raýat ýagdaýynyň namalaryny döwlet belligine almakdan ýa-da onuň ýazgylaryna üýtgetme, goşmaça we (ýa-da) düzediş girizmekden ýa-da ony dikeltmekden we (ýa-da) ýatyrmakdan, gaýtadan şahadatnamalary we beýleki resminamalary bermekden ýüz dönderilmegine ýol berilmeýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

4. Kazyýetler şu şikaýatlara seredenlerinde raýat ýagdaýynyň namalaryny döwlet belligine almak ýa-da onuň ýazgylaryna üýtgetme, goşmaça we (ýa-da) düzediş girizmek, ýa-da ony dikeltmek we (ýa-da) ýatyrmak, ýa-da gaýtadan şahadatnamalary we beýleki resminamalary bermek üçin RÝNÝ edaralarynyň birnäçesine ýüz tutmaklygyň mümkinçiligi göz öňünde tutulan halatlarynda, ýüz tutulan RÝNÝ edarasy tarapyndan raýat ýagdaýynyň namalaryny döwlet belligine almak ýa-da onuň ýazgylaryna üýtgetme, goşmaça we (ýa-da) düzediş girizmek, ýa-da ony dikeltmek we (ýa-da) ýatyrmak, ýa-da gaýtadan şahadatnamalary we beýleki resminamalary bermek üçin ýüz tutulyp bilinýän beýleki RÝNÝ edaralaryna ýüz tutmagyň mümkindigini göz öňünde tutup ýüz döndermek gadagan edilýändigini göz öňünde tutmalydyrlar.

5. RÝNÝ bölüminiň wezipeli adamynyň raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgylaryny döwlet belligine almak bilen bagly bolmadyk hereketlerine edilen şikaýatlara Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan seredilýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

Geňeşiň wezipeli adamynyň raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgylaryny döwlet belligine almak bilen bagly bolmadyk hereketlerine edilen şikaýatlara etrap, etrap hukukly şäher, welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher häkimlikleri tarapyndan seredilýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

Türkmenistanyň daşary ýurt döwletindäki diplomatik wekilhanasynyň we konsullyk edarasynyň wezipeli adamynyň raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgylaryny döwlet belligine almak bilen bagly bolmadyk hereketlerine edilen şikaýatlara Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi tarapyndan seredilýär.

6. Gyzyklanýan adam tarapyndan raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyna üýtgetmeler, goşmaçalar we (ýa-da) düzedişler girizmek hakynda arza onuň ýaşaýan ýerinde ýerleşýän ýa-da üýtgedilmäge, goşmaça girizilmäge we (ýa-da)

düzedilmäge degişli raýat ýagdaýynyň nama ýazgysynyň saklanylýan ýerindäki RÝNÝ edarasyna berilýär.

Ölen adam babatda öň düzülen raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyna üýtgetmeler, goşmaçalar we (ýa-da) düzedişler girizmek ölen adamyň garyndaşynyň ýa-da beýleki gyzyklanýan adamyň arzasy boýunça geçirilýär.

7. RÝNÝ edaralary raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyna üýtgetmeler, goşmaçalar we (ýa-da) düzedişler girizmek üçin esas ýok hasap eden halatynda şikaýatlar kazyýet tertibinde çözülýär.

RÝNÝ edarasynyň raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyna üýtgetmeler, goşmaçalar we (ýa-da) düzedişler girizmekden ýüz dönderilmegine kazyýet tertibinde şikaýat edilip bilner.

Raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyna üýtgetmeler, goşmaçalar we (ýa-da) düzedişler girizmegiň meseleleri boýunça gyzyklanýan adamlaryň arasyndaky jedeller kazyýet tertibinde çözülýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

8. Maşgala hakyndaky kanunçylyga laýyklykda, dogluş, nikanyň baglaşylmagy, nikanyň bozulmagy, perzentlige (ogullyga ýa-da gyzlyga) alynmagy, atalygyň anyklanylmagy, familiýanyň, adyň we atasynyň adynyň üýtgedilmegi we ölüm görnüşli raýat ýagdaýynyň namalary döwlet belligine alynmaga degişlidir.

Raýat ýagdaýynyň namalaryny döwlet belligine almagy RÝNÝ edaralary döwletiň adyndan amala aşyrýarlar.

9. Diňe RÝNÝ edaralarynda döwlet belligine alnan raýat ýagdaýynyň namalary hakyky diýlip ykrar edilýär.

Türkmenistanda RÝNÝ edaralary döredilmezinden öň, dini däp-dessurlara laýyklykda amala aşyrylan we olaryň tassyklamagynda alnan dogluş, nika baglaşylandygy we bozulandygy, şeýle hem ölüm hakyndaky resminamalar RÝNÝ edaralarynda amala aşyrylan raýat ýagdaýynyň namalaryna deňleşdirilýär we olaryň gaýtadan döwlet belligine alynmagy talap edilmeýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

10. Kazyýetler raýat ýagdaýynyň namalaryny döwlet belligine almakdan ýüz dönderilmegi we raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyna üýtgetmeler, goşmaçalar we (ýa-da) düzedişler girizmekden RÝNÝ edaralarynyň ýüz döndermegi baradaky şikaýatlara Türkmenistanyň RIÝK-nyň 289-291-nji maddalarynda göz öňünde tutulan düzgünler boýunça seredilmelidigini we şunda kazyýete ýüz tutmazyndan öň gyzyklanýan adamlaryň RÝNÝ edaralaryna ýüz tutan we olaryň arzalaryny kanagatlandyrmakdan ýüz dönderilen bolmalydyny kazyýetlere düşündirmeli.

Şeýle-de kazyýetler hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, raýat ýagdaýynyň namalaryny döwlet belligine almakdan we raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyna üýtgetmeler, goşmaçalar we (ýa-da) düzedişler girizmekden RÝNÝ edaralarynyň ýüz döndermegi barada RÝNÝ edaralarynyň delillendirilen netijenamasynyň bolmalydygyna üns bermelidirler.

11. Şu görnüşli şikaýatlar boýunça işleri kazyýet seljerişine has ünsli taýýarlamaklygyň möhüm işdigi sebäpli şonda jedeli edilýän ýazgynyň bardygyny takyklamagyň, işe gatnaşýan adamlaryň toparyny anyklamagyň we işi dogry hem öz

wagtynda çözmek üçin gerek bolan beýleki meseleleri çözmegiň zerurdygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Işi kazyýet seljerişine taýýarlamagyň tertibinde, işiň ýagdaýlaryny nazara almak bilen kazy, Türkmenistanyň RIÝK-nyň 171-nji maddasynyň 5-nji bölegine laýyklykda, taraplaryň, işe gatnaşýan beýleki adamlaryň, olaryň wekilleriniň haýyşnamasy boýunça olaryň özbaşdak alyp bilmeýän subutnamalaryny guramalardan ýa-da raýatlardan, şol sanda RÝNÝ edaralaryndan hem talap edip alýar.

12. Dogluş hakyndaky ýitirilen ýazgylar dikeldilen mahalynda, ýaşy kesgitlemegiň RÝNÝ edaralary tarapyndan geçirilýändigini, kazyýet tertibinde bolsa dogluş hakyndaky dikeldilen ýazgydaky dogluş ýyly hakyndaky nädogrulygy takyklamaga esasyň bardygyny ýa-da ýokdugyny tassyklap bolýandygyny kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

13. Eger şikaýat kazyýetiň önümçiligine kabul edilende ýa-da raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyna üýtgetmeler, goşmaçalar we (ýa-da) düzedişler girizmekden RÝNÝ edaralarynyň ýüz döndermegi bilen bagly işe aýratyn önümçilik tertibinde seredilýän mahalynda kazyýetde seredilmäge degişli hukuk jedeliniň (miraslyk, eýeçilik hukugy hakyndaky we başgalar) bardygy ýüze çyksa, onda kazy şikaýaty kabul etmekden ýüz dönderýär ýa-da şikaýaty seretmän galdyrýar we gyzyklanýan adamlara umumy esaslarda hak islegi bilen kazyýete ýüz tutmaga haklydyklaryny düşündirýär.

14. Dogluş hakyndaky namanyň dikeldilen ýazgysyndaky ýaş hakynda görkezilen maglumatlaryň nädogrulygyny takyklamak meselesini kazyýet görkezilen ýazgydaky ýaş hakyndaky maglumatlaryň nädogrudygyna ygtybarly şaýatlyk edýän ýazmaça we beýleki subutnamalara baglylykda çözýär.

15. Raýat ýagdaýy namalarynyň ilkinji ýazgylaryny ýatyrmak baradaky mesele kazyýet tarapyndan çözülýär, ýöne är-aýalyň nikasyny bozmak barada geçirilen ilkinji ýazgyny nam-nyşansyz giden diýlip hasap edilen äriň (aýalyň) gelmegi sebäpli ýatyrmaly bolýan halaty muňa girmeýär. Şu ýagdaýda şeýle ýazgyny ýatyrmak Türkmenistanyň RIÝK-nyň 313-nji maddasyna laýyklykda, çykarylan kazyýet çözgüdiniň esasynda RÝNÝ edaralary tarapyndan geçirilýär.

Türkmenistanyň MK-nyň 184-nji maddasynyň 6-njy bölegine laýyklykda, ilkinji ýa-da dikeldilen raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysynyň ýatyrylmagy, kazyýetiň kanuny güýje giren çözgüdi esasynda ýatyrylmaga degişli bolan raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysynyň saklanýan ýerindäki RÝNÝ edarasy tarapyndan geçirilýär. Eger ýazgyny ýatyrmak hukuk hakyndaky jedel bilen baglanyşykly bolsa, onda işe kazy tarapyndan hak isleýiş önümçiligi tertibinde garalýar.

16. Şikaýata seretmegiň netijeleri boýunça kazyýet çözgüt çykarýar.

Raýat ýagdaýynyň namalaryny döwlet belligine almakdan ýüz dönderilmegine bildirilen şikaýat kanagatlandyrylan kazyýetiň çözgüdinde şikaýatyň esaslylygy we degişli RÝNÝ edarasynyň belli bir hereketleri ýerine ýetirmek borjy hakynda görkezilýär.

Raýat ýagdaýynyň namasynyň ýazgysyna üýtgetme, goşmaça we (ýa-da) düzediş girizmekden ýüz dönderilmegine bildirilen şikaýat kanagatlandyrylan

kazyýetiň çözgüdinde haýsy ýazga (haýsy RÝNÝ edarasy tarapyndan we haýsy adamlar babatda düzülendigi, onuň belgisi we senesi) we (ýa-da) haýsy anyk üýtgetmeleri, goşmaçalary ýa-da düzedişleri girizmegiň zerurdygy hakynda görkezilýär.

Eger kazyýet şikaýat edilýän hereketleriň kanuna laýyklykda amala aşyrylandygyny anyklasa, ol şikaýaty kanagatlandyrmakdan ýüz döndermek hakynda çözgüt çykarýar.

17. Kazyýetler RÝNÝ edaralarynyň raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyna üýtgetmeleri, goşmaçalar we (ýa-da) düzedişleri kazyýetiň çözgüdine laýyklykda girizýändiklerini we girizilen üýtgetmeleriň, goşmaçalaryň we (ýa-da) düzedişleriň esasynda täzeden şahadatnama berýändiklerini göz öňünde tutmalydyrlar. Şonuň üçin kazyýetler kazyýet çözgüdiniň netije böleginde haýsy ýazgynyň (haýsy RÝNÝ edarasy tarapyndan geçirilen ýazgydygyny, ýazgynyň sanyny we senesini, onuň kimler barasynda düzülendigini) nädogrudygyny, oňa nähili üýtgetmeleriň ýa-da düzedişleriň girizilmelidigini anyk görkezmelidirler.

18. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň raýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri etrap kazyýetleri we etrap hukukly şäher kazyýetleri tarapyndan şu görnüşli işleriň seredilişine kazyýet gözegçiligini güýçlendirmelidirler we kanunçylygy ulanmakda ýol berilýän kemçilikleri aradan aýyrmak üçin zerur çäreleri wagtynda görmelidirler, şeýle-de kazyýet iş tejribesinde ýüze çykýan soraglar boýunça kazyýetlere degişli amaly kömekleri bermelidirler.

19. Şu Kararyň kabul edilmegi bilen, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumynyň 1997-nji ýylyň 2-nji oktýabryndaky “Kazyýetler tarapyndan raýat ýagdaýy namalarynyň kitabyndaky ýazgylardaky nädogrulygy takyklamagy düzgünleşdirýän kanunçylygyň ulanylyş iş ýörelgeleri hakynda” №12 belgili kararyny güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy G.Hallyýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy J.Açylow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 7

2020-nji ýylyň 17-nji oktýabry Aşgabat şäheri

Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýat jogapkärçiliginiň we jezasynyň aýratynlyklary, şeýle hem olary jenaýata ýa-da jemgyýete garşy hereketleri etmäge çekmek baradaky işler boýunça kanunçylygyň kazyýetler tarapyndan ulanylyşynyň kazyýet iş tejribesi hakynda

(18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3; 19.07.2025 ý. № 4; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe döwlet we jemgyýetçilik durmuşynyň hemmetaraplaýyn ösüşini üpjün etmekde we goldamakda ösüp gelýän ýaş nesilleri kanunlara we jemgyýetde özüňi alyp barşyň ahlak kadalaryna, adam hukuklaryna we azatlyklaryna hormat goýmak, kanuna boýun bolujylyk, watansöýüjilik hem-de ynsanperwerlik ruhunda terbiýelemek işi möhüm wezipeleriň biri bolup durýar.

Kämillik ýaşyna ýetmedikler tarapyndan dürli häsiýetli hukuk bozulmalaryň edilmegi, olaryň jenaýata ýa-da jemgyýete garşy hereketleri etmäge çekilmegi şol adamlaryň fiziki we psihiki ösüşine zeper ýetirmek bilen birlikde, jemgyýetiň ruhy-ahlak sagdynlygyna we ösüşine ýaramaz täsirini ýetirýär.

Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýat jogapkärçiliginiň we jezasynyň aýratynlyklary, şeýle hem olary jenaýata ýa-da jemgyýete garşy hereketleri etmäge çekmek baradaky işler boýunça kazyýet iş tejribesini ara alyp maslahatlaşyp, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy şu görnüşli işlere seredilende kazyýetleriň kanunçylygy esasan dogry ulanýandyklaryny belleýär.

Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna girizilen üýtgetmeleri we goşmaçalary nazara alyp, kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýat jogapkärçiliginiň we jezasynyň aýratynlyklary, şeýle hem olary jenaýata ýa-da jemgyýete garşy hereketleri etmäge çekmek baradaky işler boýunça kanunçylygyň kazyýetler tarapyndan birmeňzeş ulanylmagyny üpjün etmek maksady bilen, Plenum

K A R A R E D Ý Ä R:

1. Kazyýet işiniň kämillik ýaşyna ýetmedikleriň arasynda jenaýatçylygyň öňüni almak we soňuna çykmak, olary kanunyň talaplaryny gyşarnyksyz ýerine ýetirmek ruhunda terbiýelemek wezipesini üstünlikli çözmäge aňrybaş ýardam berjek derejede üpjün edilmeginiň zerurlygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Şunuň bilen baglylykda, kazyýetler kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işleri boýunça adyl kazyýetligi amala aşyrylanda degişli kanunyň talaplarynyň berk berjaý edilmegine, şeýle işlere seredilişiniň hiliniň, kazyýet mejlisleriniň medeniýetiniň we

onuň terbiýeçilik täsiriniň hemişe ýokary bolmalydygyna we öňüni alyş işiniň netijeliliginiň gazanylmalydygyna hem aýratyn üns bermelidirler.

Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýat işleri boýunça jenaýat iş ýöredişiniň ähli tapgyrlarynda ynsanlyk mertebesine we abraýyna hormat goýmak ýörelgelerini yzygiderli berjaý etmekliginiň zerurlygyna kazyýetler üns bermelidirler.

2. Jenaýaty amala aşyran pursadynda on dört ýaşyny dolduran, ýöne on sekiz ýaşy doldurmadyklar, kämillik ýaşyna ýetmedikler diýlip ykrar edilýär. Kazyýet her bir iş boýunça kämillik ýaşyna ýetmedikleriň ýaşyny (doglan güni, aýy, ýyly) anyk takyklamak üçin çäreler görmelidir.

Degişli ýaşa ýetilen pursat adamyň doglan güni däl-de, onuň yz ýanyndaky günüň başlanýan wagty hasaplanýar. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň ýaşyny anyklamak iş üçin ähmiýetli bolup duryandygy sebäpli, olaryň ýaşy hakynda resminamalar ýok ýa-da olaryň dogrudygy babatda şübhe dörän mahalynda, Türkmenistanyň Jenaýat iş ýöredişi kodeksiniň (mundan beýläk Türkmenistanyň JIÝK-nyň) 288-nji maddasynyň talaplaryna laýyklykda, kazyýet-bilermenler seljermesiniň geçirilmegi hökmandyr. Şeýle ýagdaýlarda, kämillik ýaşyna ýetmedikleriň doglan güni diýip bilermenler tarapyndan aýdylan ýylyň iň soňky güni hasap edilmelidir, ýaşyň iň az we iň köp ýyl sany (mysal üçin: 15-16 ýaş) aýdylan halatynda bolsa, kazyýetiň şeýle adamyň bilermenler tarapyndan teklip edilen iň kiçi ýaşyndan ugur alynmalydyr.

3. Kämillik ýaşyna ýetmedik kazyýetde işi seredilýäniň akyl üýtgedýän kesel bilen baglanyşyksyz akyly goýalmak taýdan yza galandygyna şaýatlyk edýän maglumatlaryň bar halatynda, kazyýetler kanunyň talabyna laýyklykda, kämillik ýaşyna ýetmedigiň akyl taýdan yza galaklygynyň derejesini, onuň öz hereketleriniň manysyna doly düşünip biljekligini we ony nähili derejede erk edip biljekdigini aýdyňlaşdyrmalydyrlar. Şu ýagdaýlary anyklamak üçin, kazyýet tarapyndan kämillik ýaşyna ýetmedik adamyň ata-enesi, onuň mugallymlary we terbiýeçileri hem-de bu barada gerekli maglumatlary berip biljek başga adamlar sorag edilmelidir, şonuň ýaly-da zerur bolan resminamalar talap edilip alynmalydyr hem-de Türkmenistanyň JIÝK-nyň 288-nji maddasyna laýyklykda, iş boýunça çagalar we ýetginjekler düşünjesi (psihologiýasy) babatynda hünärli adamlar (psiholog, pedagog, bilim işgäri) tarapyndan bilermenleriň seljermesi geçirilmelidir.

Eger-de seljermäniň netijesinde, kämillik ýaşyna ýetmedik adam jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan etmişi eden mahalynda öz hereketleriniň (hereketsizliginiň) häsiýetine we ähmiýetine, olaryň jemgyýetçilik taýdan howpludygyna akyl ýetirip bilmedik ýa-da psihiki taýdan kesellemegi, psihiki bozulmagyň wagtlaýyn keselliligi ýa-da akyly kemligi netijesinde şolara erk edip bilmedik bolsa, onda Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň (mundan beýläk Türkmenistanyň JK-nyň) 20-nji maddasyna we kazyýet-psihiatriýa bilermenler seljermesiniň netijesine laýyklykda ol jenaýat jogapkärçiligine çekilip bilinmez.

4. Türkmenistanyň JIÝK-nyň kämillik ýaşyna ýetmedikleriň eden jenaýaty üçin aýyplanýanyň işini kazyýet seljerişine bellemek meselesiniň kazyýet tarapyndan serenjam mejlisinde çözülmelidigi hakyndaky talabynyň ýerine ýetirilmeginiň hökmanydygyny kazyýetlere düşündirmeli. Işiniň serenjam mejlisinde serediljek wagtyna çenli kämillik ýaşyna ýetendigine garamazdan, şu tertip saklanylmalydyr. Şu

tertibiň saklanylmagy bir adam bir jenaýaty on sekiz ýaşyna ýetmänkä, beýleki jenaýaty kämillik ýaşyna ýetensoň etmekde aýyplanýan mahalynda hem hökmandyr. Ýokarda görkezilen talabyň berjaý edilmezligi jenaýat iş ýörediş kanunyň düýpli bozulmasydygyny kazyýetlere düşündirmeli.

Kazyýetler serenjam mejlisinde Türkmenistanyň JIÝK-nyň 337-338-nji maddalarynda görkezilen meseleler bilen bir hatarda, işi ýöretmegi ýatyrmaga getirýän ýagdaýlaryň ýokdugyna, iş boýunça oňa kazyýet mejlisinde seretmek üçin ýeterlik bolup biljek subutnamalaryň toplanandygyna, deslapky derňew geçirilende kämillik ýaşyna ýetmedik aýyplanýanyň kanun tarapyndan kepillendirilen hukuklarynyň hemmetaraplaýyn üpjün edilendigine üns bermelidir. Bu talaplaryň deslapky derňew edaralary tarapyndan berjaý edilmezligi jenaýat işini deslapky derňewe ibermeklige esas bolup biljekdigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

5. Kämillik ýaşyna ýetmedikleri jenaýat jogapkärçiligine çekmek, jeza çäresini bellemek ýa-da terbiýeçilik täsirli mejbury çäreleri ulanmak hem-de olary jenaýat we jemgyýete garşy hereketleri etmäge çekýän adamlary ýüze çykarmak baradaky meseleleri doly we dogry çözmek üçin, kazyýetler şeýle görnüşdäki işler boýunça geçirilen deslapky derňewiň hiline talaby güýçlendirmelidirler.

Şunda Türkmenistanyň JIÝK-nyň 508-nji maddasynyň talaplary berk berjaý edilmelidir, ýagny, aýyplanýanyň şahsyýeti, onuň ýaşaýyş, durmuş we terbiýeleniş şertleri, jenaýatyň edilmeginiň sebäbi we onuň edilmegine ýardam beren şertleri, kämillik ýaşyna ýetmedigiň akyl ýetiriş ukybynyň, erkiniň we akyl taýdan ösüşiniň derejeleri, häsiýetiniň we hyjuwynyň aýratynlyklary, islegleri we gyzyklanýan ugurlary, olara deň-duşlarynyň, uly ýaşly adamlaryň, meçew berijileriň täsiri aýdyňlaşdyrylmalydyr.

Deslapky derňewiň doly däldiginiň düýplüdigi anyklanan halatynda we ol kazyýet derňewinde üsti ýetirilip bilinmejek bolsa, onda kazyýet işi goşmaça derňew geçirmek üçin yzyna gaýtarmalydyr.

6. Kazyýetler jenaýat iş ýörediş kanunynyň kämillik ýaşyna ýetmedikleriň goranmaga bolan hukugyny kepillendirýän kadalaryny berk berjaý etmäge borçludyrlar. Kanunyň kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýatlary hakyndaky işler boýunça adamyň güman edilýän hökmünde sorag edilen, jenaýat etmekde güman edilip, tutulyp saklanylan, aýyp bildirilen pursadyndan ýa-da aýyp bildirilýänçä ol barada tussag etmek görnüşindäki ätiýaçsyzlandyryş çäresi ulanylan halatynda bolsa, tutulyp saklanylan ýa-da tussag edilen pursadyndan başlap, şeýle-de, adwokaty kazyýet önümçiligine gatnaşdyrmagyň hökmanydygy barada talaplarynyň berjaý edilmezligi Türkmenistanyň JIÝK-nyň 342-nji maddasyna laýyklykda, jenaýat iş ýörediş kanunynyň düýpli bozulmasy hasap edilmelidir. Şunda adwokat kämillik ýaşyna ýetmedigiň özi ýa-da kanuny wekili, ýa-da onuň razylygy bilen başga adamlar tarapyndan çagyrylmadyk bolsa, anyklaýyş, deslapky derňew ýa-da kazyýet edaralary adwokatyň gatnaşmagyny üpjün etmäge borçludyrlar.

Edilen jenaýatyň häsiýetinden, işiň ýagdaýlaryndan we kazyýetde işi seredilýäniň şahsyýetinden ugur alyp, kazyýet kämillik ýaşyna ýetmänkä jenaýat eden, ýöne kazyýet seljerişine çenli on sekiz ýaşyna ýeten adam baradaky iş boýunça adwokatyň gatnaşmagyny hökmany diýip ykrar edip biler.

7. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýat işleri boýunça önümçilige adwokatyň hökmany gatnaşdyrylmagynyň anyklaýyş, deslapky derňew we kazyýet edaralaryny olaryň kanuny wekillerini işe çekmek borjundan boşatmaýandygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň kanuny wekilleri bolup, Türkmenistanyň JIÝK-nyň 6-njy maddasynyň 41-nji bendinde sanalyp geçilen adamlar çykyş edip biljekdiklerini kazyýetlere düşündirmeli.

Kanuny wekil hökmünde işe çekilen adamlara iş ýörediş hereketleri başlanmazdan öň olaryň degişlilikde Türkmenistanyň JIÝK-nyň 515-nji maddasynyň ýa-da 517-nji maddasynyň 1-nji böleklerinde göz öňünde tutulan hukuklary düşündirilmelidir we degişli teswirnamalarda bellik edilmelidir.

Eger kazyýet seljerişinde kanuny wekiliň gatnaşmagy we onuň hereketleriniň kazyýetde işi seredilýän kämillik ýaşyna ýetmedigiň bähbitlerine zyýan ýetirýändigi ýa-da işiň hemmetaraplaýyn we dogry çözülmegine päsgel bermäge gönükdirilendigi barada netijä gelmäge anyk esas bar bolsa, onda kazyýetiň delillendirilen kesgitnamasy bilen ol kazyýet seljerişine gatnaşmakdan çetleşdirilip bilner. Şeýle ýagdaýda işe gatnaşmaga kämillik ýaşyna ýetmedigiň başga bir kanuny wekili goýberilýär.

8. Eger kazyýetde işi seredilýän kämillik ýaşyna ýetmedigiň kanuny wekili işe gatnaşmaga adwokat ýa-da raýat jogap berijisi hökmünde çekilen bolsa, onda ol şol iş ýöredişe gatnaşyjylaryň hukuklaryndan peýdalanýar we olaryň borçlaryny ýerine ýetirýär.

9. Kazyýetler on alty ýaşyna ýetmedik ýa-da on alty ýaşyna ýeten, ýöne akyl taýdan ösüşiniň yza galandygy barada alamatlary bar bolan kämillik ýaşyna ýetmedik adamyň gatnaşýan iş ýörediş hereketlerinde mugallymyň, psihologyň gatnaşdyrylmagynyň hökmandygy baradaky talaplary berjaý etmelidirler. Başga halatlarda bolsa mugallym, psiholog kazyýetiň garaýşyna baglylykda ýa-da kämillik ýaşyna ýetmedigiň adwokatynyň, kanuny wekiliniň haýyşy boýunça gatnaşdyrylyp bilner. Şeýle ýagdaýlarda mugallyma ýa-da psihologa iş ýörediş hereketleri başlamazdan öň Türkmenistanyň JIÝK-nyň 515-nji maddasynyň 2-nji böleginde göz öňünde tutulan hukuklary düşündirilmelidir we degişli teswirnamalarda bellik edilmelidir.

10. Kazyýetler kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýatlary hakynda işler boýunça serenjam mejlislerinde olar babatda saýlanyp alnan ätiýaçsyzlandyryş çäreleriniň, hususan-da, ol barasynda tussag astyna almak görnüşinde ätiýaçsyzlandyryş çäresiniň saýlanyp alynmagynyň kanuny we esaslydygyna aýratyn üns bermelidirler.

Kämillik ýaşyna ýetmedik babatda ätiýaçsyzlandyryş çäresi saýlanyp alnanda, şeýle hem onuň esaslydygy hakyndaky mesele çözülende Türkmenistanyň JIÝK-nyň 147-nji maddasynda göz öňünde tutulan seretmäge bermek görnüşindäki ätiýaçsyzlandyryş çäresi ähli halatlarda nazarda tutulmalydyr.

Kämillik ýaşyna ýetmedigiň şahsyýeti, ýaşaýyş we durmuş şertleri baradaky maglumatlardan hem-de işiň anyk ýagdaýlaryndan ugur alyp, şeýle hem, onuň psihiki ösüşine ýaramaz täsirleriň öňüni almak maksady bilen, kämillik ýaşyna ýetmedigi ata-eneleriniň ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlaryň ýa-da howandarlarynyň seretmegine bermek, çagalar edaralarynda terbiýelenýän kämillik ýaşyna ýetmedikler barada bolsa,

şol edaralaryň ýolbaşçylygynyň gözegçiligine bermek baradaky ätiýaçsyzlandyryş çäresini giňden ulanmaklyga ýol berilmelidir.

Şunda kämillik ýaşyna ýetmedigi ata-enesiniň ýa-da başga adamlaryň seretmegine bermek olaryň diňe ýazmaça haýyşy esasynda mümkindigini kazyýetler ünsden düşürmeli däldirler.

11. Ätiýaçsyzlandyryş çäresi hökmünde tussag etmek kämillik ýaşyna ýetmedik adam barada ulanylmaly bolsa, diňe aýratyn halatlarda, agyr we aýratyn agyr jenaýat eden mahalynda Türkmenistanyň JIÝK-nyň 146-njy we 154-nji maddalarynda görkezilen esaslar bar bolan mahalynda, şol Kodeksiň 148-nji maddasynda göz öňünde tutulan ýagdaýlar nazara alnyp ulanylyp bilinýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

Anyklaýyş we deslapky derňew hereketleriniň barşynda tussag etmek görnüşinde ätiýaçsyzlandyryş çäresi saýlanyp alnan kämillik ýaşyna ýetmedikler babatda jenaýat işleri boýunça şeýle görnüşdäki çäräniň saýlanyp alynmagyna esas bolan ýagdaýlar aradan aýrylan bolsa ýa-da mundan beýläk ulanmagyň zerurlygy ýok bolsa, şeýle hem, iş ýörediş kanunynyň deslapky derňewiň dowamynda kämillik ýaşyna ýetmedigi tussaglykda saklamagyň alty aýa çenli möhlete ulanylyp bilinýändigi baradaky talaby bozulan bolsa, tussag etmek görnüşinde ätiýaçsyzlandyryş çäresini ýatyrmalydyr ýa-da başga çärelere üýtgetmelidir.

12. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýatlary hakynda işler boýunça subutnamalar, şol sanda güman edilýän, aýyplanýan hatarynda kämillik ýaşyna ýetmedigiň deslapky derňewde beren görkezmeleri barlanylanda, Türkmenistanyň JIÝK-nyň 511-512-nji maddalarynyň talaplarynyň berk berjaý edilmelidigine kazyýetler üns bermelidirler. Ýagny, degişli iş ýörediş hereketlerine kämillik ýaşyna ýetmedikleriň ata-enesiniň ýa-da başga kanuny wekiliniň, olar bolmadyk halatynda hossarlyk we howandarlyk edaralarynyň, çagalar edaralarynda ýa-da tussaglykda saklanylýan kämillik ýaşyna ýetmedikleriň olaryň bolýan ýeriniň ýolbaşçylarynyň üsti bilen çagyrylmalydygy, hem-de adwokatyň, kanuny wekiliň, zerur bolan halatlarynda mugallymyň gatnaşmagynda her günde arakesmesiz iki sagatdan köp bolmadyk, jemi bilelikde dört sagatdan köp bolmadyk wagtyň dowamynda gündizine sorag edilip bilinýändigi barada kanunyň talaplarynyň berjaý edilişi doly barlanylmalydyr.

Iş ýörediş kanunynyň ýokarda görkezilen talaplarynyň berjaý edilmezligi, şeýle hem kämillik ýaşyna ýetmedigi jenaýatly etmişi etmekde güman etmäge ýa-da aýyp bildirmäge ýeterlik esaslar bar mahalynda, ony şaýat hökmünde sorag etmegiň netijesinde alnan görkezmeler subutnama hökmünde ulanylmagyna ýol berilmesizdigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

13. Kazyýetler Türkmenistanyň JIÝK-nyň 518-nji maddasyna laýyklykda, kämillik ýaşyna ýetmedik adamlar hakyndaky işiň seredilýän wagty we ýeri barada onuň okan mekdebine ýa-da işlän edarasyna, kärhanasyna we guramasyna, kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işleri baradaky topara we içeri işler edarasynyň degişli bölümine, zerur bolan mahalynda bolsa beýleki guramalara hem habar bermelidirler. Möhüm halatlarda şol guramalaryň wekillerini, şeýle hem kazyýetde işi seredilýäniň ata-enesiniň, hossarynyň ýa-da howandarynyň işleýän ýerindäki jemgyýetçilik birleşikleriniň wekillerini kazyýet mejlisine çagyrmaga haklydyr. Şu adamlar

kazyýetiň rugsat bermegi bilen subutnamalary derňemeklige gatnaşyp bilerler. Möhüm ýagdaýlarda olar kesgitnama çykarylyp, şaýat hökmünde sorag edilip bilnerler.

14. Kazyýetler jemgyýetçilik howplulygy ýokary bolmadyk jenaýatçylykly etmişleri amal eden kämillik ýaşyna ýetmedikleriň düzelmegi we terbiýelenmegi Türkmenistanyň JK-nyň 89-njy maddasynda göz öňünde tutulan terbiýeçilik täsirli mejbury çäreleriň ulanylmagy bilen gazanylyp bilinjek bolsa, olara jenaýat jezasynyň ulanylmagyna ýol bermeli däldirler.

15. Eger kazyýet iş boýunça kazyýet seljerişiniň netijesinde uly bolmadyk agyr ýa-da ortaça agyr jenaýaty ilkinji gezek eden kämillik ýaşyna ýetmedik adamyň eden etmişiniň häsiýetini, netijelerini, onuň şahsyýeti baradaky maglumatlary we işiň beýleki ýagdaýlaryny göz öňünde tutmak bilen, jeza çäresini ulanmazdan düzetmek mümkin diýen netijä gelse, Türkmenistanyň JK-nyň 88-nji maddasy esasynda ony jeza çäresinden boşadýar we oňa Türkmenistanyň JK-nyň 89-njy maddasynda göz öňünde tutulan terbiýeçilik täsirli mejbury çäreler ulanylyp bilner.

16. Ata-eneleriniň, olaryň ýerini tutýanlaryň ýa-da içeri işler edaralarynyň gözegçiligi astyna bermek, şeýle hem, boş wagtyny çäklendirmek we özüni alyp barşyna aýratyn talaplary bellemek görnüşindäki terbiýeçilik täsirli mejbury çäreler kämillik ýaşyna ýetmedikler babatda diňe olaryň düzelmegi we terbiýelenmegi üçin zerur bolan möhlete bellenilip bilinýändigini we ol möhletiň kazyýetiň kararynda görkezilmelidigini kazyýetlere düşündirmeli.

17. Kazyýetler tarapyndan kämillik ýaşyna ýetmediklere jeza bellenilende, Türkmenistanyň JK-nyň 55-nji maddasynda göz öňünde tutulan ýagdaýlardan başga-da, olaryň ýaşaýyş we terbiýeleniliş şertleri (maşgalada oňaýsyz ýagdaýlaryň bolmagy, ata-eneleriň, ýakyn garyndaşlaryň kämillik ýaşyna ýetmediklere gatnaşykda gödek, zalym hereketleri we ş.m.), şahsyýetiniň aýratynlyklary, psihiki ösüşiniň derejesi (psihiki bozulmalary, özüni saklap bilmezligi, gaharjaňlygy), jenaýatly etmişiň äheňi we delilleri (çagalyk garagollygy, “deň-duşlaryndan yzda galmazlyk”, bahyllyk, ar almak we ş.m.), uly ýaşly adamlaryň we beýleki kämillik ýaşyna ýetmedikleriň täsir etmegi hem hökmany nazara alynmalydyr.

Kämillik ýaşyna ýetmezlik jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän ýagdaý hökmünde jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän we agyrlaşdyrýan beýleki ýagdaýlar bilen bilelikde göz öňünde tutulmalydyr.

Kämillik ýaşyna ýetmediklere jeza çäresini bellemek baradaky meseläni ara alyp maslahatlaşanlarynda, jezanyň diňe Türkmenistanyň JK-nyň 83-nji maddasynda görkezilen görnüşlerini ulanyp boljakdygyna we olaryň möhletiniň we möçberiniň Türkmenistanyň JK-nyň 84-87-nji maddalarynda görkezilen çäklerden köp bolmaly däldigine kazyýetler üns bermelidirler.

18. Kazyýetler kämillik ýaşyna ýetmedikler barada jenaýat işi boýunça höküm çykaranda Türkmenistanyň JIÝK-nyň 414-nji maddasynda göz öňünde tutulan meselelerden başga-da, şertleýin iş kesmek, azatlykdan mahrum etmek bilen bagly bolmadyk jezany bellemek, şeýle hem Türkmenistanyň JK-nda göz öňünde tutulan ýagdaýlar bilen baglylykda jenaýat jogapkärçiliginden ýa-da jezadan boşatmak hakyndaky meseleleri ara alyp maslahatlaşmaga borçludyrlar.

Türkmenistanyň JK-nyň 83-nji maddasynyň mazmunyndan gelip çykyşyna görä, kämillik ýaşyna ýetmedikler babatda emlägi muzdsuz almak goşmaça jeza çäresiniň ulanylyp bilinmeýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Eger-de Türkmenistanyň JK-nyň Aýratyn böleginiň maddasynyň ýa-da maddasynyň böleginiň sanksiýasynda emlägi muzdsuz almak hökmany goşmaça jeza çäresi hökmünde göz öňünde tutulan bolsa, onda onuň ulanylmazlygyny şol Kodeksiň 83-nji maddasyna salgylanyp, hökümde delillendirilmelidigini kazyýetlere düşündirmeli.

Ýetirilen zyýany düzetmek borjuny üstüne ýüklemekligiň terbiýeçilik täsirli mejbury çäre hökmünde ulanylýan halatyndan başga ýagdaýda, kämillik ýaşyna ýetmediklere jenaýat jezasy hökmünde bellenip bilinmeýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

19. Kämillik ýaşyna ýetmedik tarapyndan edilen jenaýatyň anyk ýagdaýlaryny, onuň psihiki ösüşini, durmuş we ýaşaýyş şertlerini, saglyk ýagdaýyny we bilim derejesini, şeýle hem, Türkmenistanyň JK-nyň 58-nji maddasynda görkezilen gaýry ýagdaýlary hasaba alyp, oňa Türkmenistanyň JK-nyň Aýratyn böleginiň degişli maddasynda göz öňünde tutulan jezanyň ýerine azatlygy çäklendirmek görnüşindäki jezanyň bellenilip bilinýändigini kazyýetlere düşündirmeli. Türkmenistanyň JK-nyň 86-njy maddasyna görä kämillik ýaşyna ýetmediklere azatlygy çäklendirmek bir ýyldan iki ýyla çenli möhlete bellenilip bilner.

20. Kämillik ýaşyna ýetmedikler barada azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki jeza çäresi bellenende, ony jemgyýetden çetleşdirmezden düzetmek we terbiýelemek mümkinçiliginiň ýokdugy baradaky gelen netijesini kazyýet höküminde delillendirmelidir.

Türkmenistanyň JK-nyň 87-nji maddasyna laýyklykda, kämillik ýaşyna ýetmedik adamlara uly bolmadyk agyr jenaýat üçin azatlykdan mahrum etmek bir ýyldan ýokary bolmadyk möhlete, ortaça agyr jenaýat üçin azatlykdan mahrum etmek bäş ýyldan ýokary bolmadyk möhlete, agyr jenaýat üçin azatlykdan mahrum etmek dokuz ýyldan ýokary bolmadyk möhlete, aýratyn agyr jenaýat üçin bolsa on iki ýyldan ýokary bolmadyk möhlete bellenilýär.

Haçanda, Türkmenistanyň JK-nyň 59-njy maddasynyň kadalaryndan ugur alnyp, kämillik ýaşyna ýetmedige gutarylmadyk jenaýat üçin azatlykdan mahrum etmeklik jezasy bellenilmeli bolsa, onda kämillik ýaşyna ýetmedige agyr jenaýaty etmegiň kastyna düşendigi üçin 6 (alty) ýyl 9 (dokuz) aýdan köp azatlykdan mahrum etmek, aýratyn agyr jenaýaty etmegiň kastyna düşendigi üçin 9 (dokuz) ýyldan köp azatlykdan mahrum etmek, jenaýata taýýarlyk üçin bolsa, degişlilikde 4 (dört) ýyl 6 (alty) aýdan we 6 (alty) ýyldan köp azatlykdan mahrum etmek jeza çäresi bellenilip bilinmeýär.

Şunda kazyýetler uly bolmadyk agyr we ortaça agyr jenaýatlary ilkinji gezek eden kämillik ýaşyna ýetmedik adamlara azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki jezanyň bellenilmegine ýol berilmeýändigine hem aýratyn üns bermelidirler.

21. Eger bir adam tarapyndan birnäçe jenaýatly etmiş amala aşyrylyp, olaryň biri on sekiz ýaşyny doldurmanka, beýlekisi on sekiz ýaşdan geçenden soň edilen bolsa, jenaýatlaryň jemi boýunça jeza çäresi bellenilende, ilki bilen şahsyň kämillik ýaşyna ýetmänkä eden jenaýaty üçin Türkmenistanyň JK-nyň kämillik ýaşyna

ýetmedikleriň jenaýat jogapkärçiliginiň we jezasynyň aýratynlyklaryny düzgünleşdirýän maddalarynyň talaplaryny göz öňünde tutup, jeza bellenilmelidigini, soňra on sekiz ýaşdan soň amala aşyran jenaýaty üçin umumy düzgünler boýunça jeza bellenilmelidigini hem-de gutarnykly jezanyň Türkmenistanyň JK-nyň 62-nji maddasynyň talaplaryna laýyklykda kesgitlenmelidigini kazyýetlere düşündirmeli.

22. Türkmenistanyň JK-nyň 66-njy maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda, jenaýatlarynyň bilkastlaýyn niýet ýa-da seresapsyzlyk bilen amala aşyrylandygyna garamazdan, kämillik ýaşyna ýetmedikler jeza möhletini terbiýeleýiş edaralarynda doldurýarlar. Şunda kazyýet onuň on sekiz ýaşyna ýetenden soň jeza çekmek üçin geçirilmeli edarasynyň görnüşini kesgitlemezden, jezany terbiýeleýiş edarasynda çekdirmegi bellemelidir.

On sekiz ýaşyna ýeteni düzediş edarasyna ýa-da mejbury göçürilip eltilen ýerlere geçirmek baradaky mesele kazyýet mejlisine hökmany suratda iş kesileni çagyrmak we Türkmenistanyň JIÝK-nyň 479-njy, 481-nji maddalaryndaky düzgünleri berjaý etmek arkaly, jeza çekilýän ýerdäki kazyýetiň kesgitnamasy esasynda çözülmelidigini kazyýetlere düşündirmeli.

23. Türkmenistanyň JK-nyň 19-njy maddasynyň 4-nji bölegine laýyklykda, on sekiz ýaşa çenli edilen jenaýatlar üçin iş kesilenlik aýybynyň jenaýatlaryň residiwi hasap edilende nazara alynmaýandygyny kazyýetlere düşündirmeli.

24. Türkmenistanyň JK-nyň 91-nji maddasyna laýyklykda, düzediş işlerinde işletmäge ýa-da azatlykdan mahrum edilmäge iş kesilen kämillik ýaşyna ýetmedikler babatda jezadan şertleýin-möhletinden öň boşatmak meselesine baglylykda, jeza çekmekliginiň gysgaldylan möhletleriniň kesgitlenilendigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Eger-de şahs jenaýatly etmişi amala aşyrandygy üçin on sekiz ýaşyna ýetmänkä iş kesilen bolup, onuň jeza çekmekden şertleýin-möhletinden öň boşadylmagynyň şerti ol on sekiz ýaşyna ýetenden soň ýüze çykan bolsa, şeýle ýagdaýda şertleýin-möhletinden öň jeza çekmekden boşatmak meselesine Türkmenistanyň JK-nyň 91-nji maddasynyň talaplaryna laýyklykda seredilýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

25. On sekiz ýaşy dolmanka jenaýat eden adamy jenaýat jogapkärçiliginden ýa-da jezadan wagt möhletiniň geçmegi bilen baglanyşyklylykda boşatmak meselesine seredilende, degişli wagt müddetleriniň şahsyň jenaýat jogapkärçiligine çekilýän ýa-da aýyplaw höküminiň ýerine ýetirilýän pursadynda kämillik ýaşyna ýetendigine garamazdan, Türkmenistanyň JK-nyň 73-nji we 79-njy maddalarynda göz öňünde tutulandakysyndan üç esse az möhleti ulanmak bilen hasaplanýandygyny kazyýetlere düşündirmeli.

26. Kämillik ýaşyna ýetmedigi jenaýata ýa-da jemgyýete garşy hereketleri etmäge çekmek bilen bagly işlere seredilende, bu jenaýatlaryň diňe bilkastlaýyn göni niýet bilen amala aşyrylýandygyny kazyýetler nazara almalydyrlar.

27. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 153-nji maddasy boýunça diňe on sekiz ýaşyny dolduran adamyň hereketleriniň, özi hem bilkastlaýyn edilen hereketleriniň maddalaşdyrylyp bilinýändigini kazyýetleriň göz öňünde tutmagy zerurdyr. Şonuň üçin işe seredilende uly ýaşly adamyň öz hereketleri bilen kämillik ýaşyna ýetmedigi jenaýatly ýa-da jemgyýete garşy hereketlere çekýändigine düşünendigi ýa-da şeýle diýip çak edendigi anyklanylmalydyr.

Şunda şeýle hereketleri etmäge çekilýän adamyň kämillik ýaşyna ýetmändigi barada uly ýaşlynyň diňe bir habarly bolan mahalynda däl-de, eýsem işiň ýagdaýlaryna seredeniňde onuň bu barada bilmelidigi görünýän mahalynda hem jenaýat jogapkärçiliginiň ýüze çykýandygyndan ugur alynmalydyr. Şu görkezilen meseleleri çözenlerinde kazyýetler diňe aýyplanýanlaryň öz görkezmelerini nazara alman, eýsem şol görkezmeleriň işiň anyk ýagdaýlaryna gabat gelşini hem jikme-jik barlamalydyrlar.

28. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýata ýa-da jemgyýete garşy hereketleri etmäge çekilmegi diýip, fiziki ýa-da ruhy täsir etmek arkaly (urmak, haýbat atmak, jezalandyrylmazlygyna ynandyrmak, ýaranjaňlamak, gorkuzmak, zat bilen yrmak, aldamak, ar almak, göriplik ýa-da başga bir pis niýetli duýgulary oýarmak, jenaýat etmegiň we ony amala aşyrmagyň ýa-da jenaýatyň yzlaryny ýaşyrmaklygyň usullary hakynda maslahat bermek, ogurlanan zady ýerlemäge ýardam bermäge söz bermek, kämillik ýaşyna ýetmediginiň teklibini goldamak we onuň bilen jenaýat etmäge gatnaşmak we başgalar) olarda bir ýa-da birnäçe jenaýaty etmeklige gatnaşmak islegini döretmeklige gönükdirilen hereketlere düşünmelidir.

Sergezdançylyk ýa-da gedaýçylyk bilen meşgullanmaga çekmek diýip, kämillik ýaşyna ýetmedigi kesekilerden pul ýa-da başga maddy gymmatlyklary birsyhly dilemeklige bilkastdan yrmaklyga düşünilmelidir. Eger kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýatly işe ýa-da jemgyýete garşy hereketlere çekilmegi oňa ten şikesini ýetirmek ýa-da özbaşdak jenaýatyň düzümini emele getirýän başga hereketler bilen bagly bolsa, onda etmişli hereketler jenaýatlaryň jemi boýunça maddalaşdyrylmalydyr.

29. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýata ýa-da jemgyýete garşy hereketleri etmäge çekmek baradaky jenaýat işlerine seredilende, uly ýaşly adamyň kämillik ýaşyna ýetmedik adamy çekmek maksady bilen anyk haýsy hereketleri edendiginiň takyk aýdyňlaşdyrmalydygyny kazyýetlere düşündirmeli.

Fiziki ýa-da psihiki häsiýetli täsir edilmezden, kämillik ýaşyna ýetmedige diňe jenaýatly etmişiň edilmeginiň teklip edilmegine kämillik ýaşyna ýetmedigi jenaýata ýa-da jemgyýete garşy hereketleri etmäge çekmek hökmünde baha berip bolmaýandygyny kazyýetlere düşündirmeli.

30. Türkmenistanyň JK-nyň 153-nji we 154-nji maddalarynda göz öňünde tutulan jenaýatlaryň düzüminiň bolmagy üçin, kämillik ýaşyna ýetmediginiň uly ýaşly adam tarapyndan jenaýatly ýa-da jemgyýete garşy hereketlere çekilen ýa-da serhoşlyk ýagdaýyna eltilen pursadyna çenli özüni nähili alyp baranlygynyň (ozal spirtli içgileri ýa-da neşe serişdelerini ulanandygynyň, jenaýat we jemgyýete garşy hereketleri edendiginiň) ähmiýeti ýokdur.

Kämillik ýaşyna ýetmedigi jenaýat etmeklige çeken, şol jenaýaty etmeklige özi hem gatnaşan uly ýaşlynyň (guramaçynyň, meçew berijiniň, bile ýerine ýetirijiniň) hereketleri Türkmenistanyň JK-nyň belli bir jenaýaty ýetginjek bilen bilelikde etmeklige gatnaşanlygy we kämillik ýaşyna ýetmediginiň jenaýatly işe çekilenligi üçin jogapkärçiligi göz öňünde tutýan maddalarynyň jemi boýunça maddalaşdyrylmalydyr.

31. Kazyýet Türkmenistanyň JK-nyň 153-nji maddasynda göz öňünde tutulan jenaýaty etmekde günäli adama jeza çäresini bellände, kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýatly ýa-da jemgyýete garşy hereketlere nähili görnüşde we nähili usulda çekilendigini, ýetginjege ýetirilen zyýanly täsiriň derejesini, uly ýaşlynyň we kämillik

ýaşyna ýetmedigiň ýaşlaryny, şeýle hem ýüze çykan zyýanly netijeleri nazara almalydyr.

Uly ýaşly adama jenaýatlaryň jemi boýunça gutarnykly jeza çäresi bellenende, kazyýetler kämillik ýaşyna ýetmedigiň jenaýatly we jemgyýete garşy herekete çekilenligi üçin kanun tarapyndan kesgitlenen jenaýat jogapkärçiliginiň duýduryjylyk ähmiýetiniň güýçlendirilmeginiň zerurlygyndan ugur almalydyrlar.

32. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýatlary hakyndaky işlerde raýat hak islegine seredilende, kazyýet Türkmenistanyň RK-nyň 1071-nji maddasyna laýyklykda kämillik ýaşyna ýetmedigiň ata-enesiniň ýa-da oňa gözegçilik etmäge jogapkär şahslaryň kämillik ýaşyna ýetmedigiň bikanun hereketleri bilen başga şahsa ýetiren zyýanynyň öwezini doldurmaga borçludyklaryndan ugur almalydyr. Gözegçilik etmäge jogapkär şahslar zyýanyň öňüni alyp bilmedik halatlarynda jogapkärçilik aradan aýrylýar.

Eger-de zyýan birnäçe adamyň bilelikde eden jenaýatly hereketleriniň netijesinde ýetirilen bolsa, onda kämillik ýaşyna ýetmedikleriň hem uly ýaşly iş kesilen bilen bir hatarda raýdaşlyk tertibinde maddy jogapkärçilik çekýändigini kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar. Kanun tarapyndan göz öňünde tutulan halatlarda, kämillik ýaşyna ýetmedikler tarapyndan ýetirilen zyýan üçin raýat jogap beriji hökmünde işe gatnaşdyrylan raýatlar we guramalar ýetirilen zyýanyň öwezini paý görnüşinde dolýarlar. Eger hak isleýjiniň bähbidine laýyk gelse we zyýanyň dolmagyny üpjün etse, onda kazyýet, iş kesilenlerden ýetirilen zyýany paý görnüşinde hem almaly edip biler.

33. Kämillik ýaşyna ýetmedikler tarapyndan edilen jenaýatlar we kämillik ýaşyna ýetmedikleri jenaýata we jemgyýete garşy hereketleri etmäge çekilmegi hakyndaky işlere seredilende, günäkärlere esassyz ýeňil, şonuň ýaly-da onuň etmişine laýyk bolmadyk has agyr jeza çäresiniň bellenilmegine ýol bermezlik üçin, kazyýetler kanunyň jeza çäresini aýrybaşgalaşdyryp bellemek baradaky talabyny berk berjaý etmelidirler.

34. Kämillik ýaşyna ýetmedikler tarapyndan hukuk bozulmalaryň edilmeginiň öňüni almaklygyň, olary kanunlara we jemgyýetçilik özüňi alyp baryş kadalaryna hormat goýmak ruhunda terbiýelemekligiň ýurdumyzda alnyp barylýan özgertmeleriň möhüm wezipesi bolup duryandygyny nazara alyp, şu görnüşdäki işler boýunça geçirilýän kazyýet seljerişleriniň derejesini ýokarlandyrmagy, işiň ähli ýagdaýlaryny hemmetaraplaýyn, doly we dogry barlamaklygy, şeýle jenaýatyň edilmegine sebäp bolýan we ýardam berýän şertleri, kämillik ýaşyna ýetmedikleriň terbiýesindäki ýol berlen ýetmezçilikleri we kemçilikleri anyklap, olary aradan aýyrmaklyk üçin çäreleri görmekligi üpjün edip, olar barasynda hususy kesgitnamalar çykarmak bilen anyk işleriň geçirilmegi barada kazyýetleriň ünsüni çekmeli. Kazyýetler kanunçylygyň kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýat jogapkärçiliginiň, jezasynyň we jenaýat iş ýöredişiniň aýratynlyklaryny düzgünleşdirýän talaplaryny yzygiderli ýerine ýetirmelidirler.

35. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri etrap kazyýetleri we etrap hukukly şäher kazyýetleri tarapyndan ýokarda agzalyp geçilen görnüşli jenaýat işlerine seredilende kanunçylygyň dogry berjaý

edilişine kazyýet gözegçiligini yzygiderli alyp barmalydyrlar, bu babatda kazyýet iş tejribesini wagtal-wagtal umumylaşdyryp, ýüze çykarylan kemçilikleri kanunda bellenen tertipde düzetmek boýunça öz wagtynda degişli çäreleri görmelidirler, şeýle hem olara kanunçylygy ulanmak bilen bagly amaly kömekleri bermelidirler.

36. Şu Kararyň kabul edilmegi bilen Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumynyň 1997-nji ýylyň 2-nji oktýabryndaky "Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýatçylygy we olary jenaýat etmäge ýa-da jemgyýete garşy gaýry hereketleri etmäge çekmek baradaky işler boýunça kanunçylygyň kazyýetler tarapyndan ulanylyşynyň iş ýörelgeleri hakynda" №10 belgili kararyny (oňa soňky ýyllarda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen) güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy G.Hallyýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy J.Açylow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 8

2020-nji ýylyň 17-nji oktýabry Aşgabat şäheri

Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kanunçylyk ulanylanda, ýüze çykýan käbir meseleler boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda

(24.07.2021 ý. № 7; 18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3; 19.10.2024 ý. № 9; 18.10.2025 ý. № 10; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen)

Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksine üýtgetmeleriň we goşmaçalaryň girizilendigi sebäpli, şonuň ýaly-da Türkmenistanyň kazyýetleri tarapyndan seredilen administratiw hukuk bozulmalary baradaky işleri öwrenmekligiň netijesi boýunça Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti tarapyndan geçirilen umumylaşdyrmalary ara alyp maslahatlaşyp, şu görnüşli işlere seredilende, kazyýet iş tejribesinde ýüze çykýan käbir meseleler boýunça administratiw hukuk bozulmalary hakynda kanunçylygyň dogry we birmeňzeş ulanylmagyny üpjün etmek hem-de ugrukdyryjy düşündirişleri bermek maksady bilen, "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Plenum

K A R A R E D Ý Ä R :

1. Administratiw hukuk bozulma-bu fiziki ýa-da ýuridik şahsyň kanuna garşy gelýän, günäli (bilkastlaýyn ýa-da seresapsyzlyk bilen edilen) we onuň üçin administratiw jogapkärçiligi Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksinde (mundan beýläk-Türkmenistanyň AHBHK-nyň) göz öňünde tutulan hereketidir (hereketsizligidir).

2. Türkmenistanyň administratiw hukuk bozulmalary hakynda kanunçylygy Türkmenistanyň AHBHK-de görkezilen ýörelgelere esaslanýar, olaryň bozulmagy iş boýunça önümçiligiň hakyky däl diýlip ykrar edilmegine, şeýle önümçiligiň barşynda kabul edilen kararlaryň ýatyrylmagyna, şeýle hem toplanan materiallaryň subutnama güýji ýok diýlip bilinmegine eltýär. Şol ýörelgeler şulardan ybaratdyr: kanunylyk, kanunyň öňündäki deňlik, bigünälik prezumpsiýasy, adalatlylyk, adamyň hukuklaryny we azatlyklaryny hormatlamak, şahsyýetiň, şahsy durmuşyň we eýeçiligiň eldegrilmesizligi we administratiw hukuk bozulmalaryny duýdurmak ýörelgeleridir (Türkmenistanyň AHBHK-nyň 3-12-nji maddalary).

3. Administratiw hukuk bozulmalary baradaky işlere seretmekligiň kanunda görkezilen tertibiniň gyşarnyksyz berjaý edilmeginiň zerurdygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Etrap we etrap hukukly şäher kazyýetleriniň Türkmenistanyň AHBHK-nyň Aýratyn böleginde göz öňünde tutulan administratiw hukuk bozulmalary barada işlere

seretmek boýunça ygtyýarlyklary şol Kodeksiň 445-nji maddasynda göz öňünde tutulandyr.

Agzalan maddanyň 1-nji bölegine laýyklykda, pudaklaýyn degişliligine garamazdan, kazyýetleriň Türkmenistanyň AHBHK-nyň Aýratyn böleginde göz öňünde tutulan, agzalan maddanyň 2-nji we 3-nji böleklerinde sanalyp geçilen kazyýetlerde seredilmäge degişli administratiw hukuk bozulmalary baradaky işlerden başga-da, beýleki ähli administratiw hukuk bozulmalary barada işlere seretmäge haklydyklaryna, ýöne şol işlere kazyýetde seretmek ýa-da seretmän işi iberen edara ýa-da wezipeli adama yzyna gaýtarmak meselesini kazynyň çözýändigine, şonda kazynyň öz gelen netijesini delillendirmäge borçly däldigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Şeýle hem, şol Kodeksiň 445-nji maddasynyň 2-nji we 3-nji böleklerine laýyklykda, şol maddanyň 2-nji böleginde sanalyp geçilen maddalarda göz öňünde tutulan administratiw hukuk bozulmalary barada işlerden başga-da, maddalaryň sanksiýalarynda administratiw taýdan tussag etmek, muzdsuz almak, tölegli almak, fiziki şahsa berlen ýörite hukugy çäklendirmek, administratiw taýdan işi togtatmak görnüşinde administratiw temmisiniň berilmegi göz öňünde tutulan administratiw hukuk bozulmalary barada işlere hem kazyýetler tarapyndan seredilýändigine, şeýle-de özi babatda önümçilik alnyp barylýan şahsyň arzasy boýunça ýa-da onuň administratiw hukuk bozulma wakasy bilen bagly ylalaşmaýan ähli halatlarynda administratiw toparlaryň, kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işleri barada toparlaryň, Türkmenistanyň AHBHK-nyň 446-486-njy maddalaryna laýyklykda hukuk berlen içeri işler edaralarynyň, ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň we beýleki edaralaryň, wezipeli adamlaryň administratiw hukuk bozulma barada işi kazyýetiň seretmegine berýändiklerine, eger-de şeýle edilmän işe agzalan edaralar ýa-da wezipeli adam tarapyndan seredilip, degişli karar kabul edilen halatynda, olaryň iş boýunça kabul eden kararlarynyň ýatyrylmaga degişlidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

4. Administratiw hukuk bozulmany eden pursadynda 16 ýaşyna ýeten adamlar administratiw jogapkärçilige degişlidir.

5. Eger-de administratiw hukuk bozulma on alty ýaşdan on sekiz ýaşa çenli bolan kämillik ýaşyna ýetmedik adamlar tarapyndan edilen bolsa, onda kazyýetler Türkmenistanyň AHBHK-nyň 27-nji maddasynda görkezilen ýagdaýlarda, administratiw hukuk bozulmanyň häsiýetini we hukuk bozujynyň şahsyýetini nazara almak bilen kazyýetlerde seredilmäge degişli işleri etraplaryň ýa-da etrap hukukly şäherleriň häkimliginiň ýanyndaky kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işleri baradaky topara seretmäge berip bilýändiklerini kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

6. Türkmenistanyň AHBHK-nyň 27-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, administratiw hukuk bozulmany eden on alty ýaşdan on sekiz ýaşa çenli bolan kämillik ýaşyna ýetmedik adamlar babatda agzalan Kodeksiň Aýratyn böleginiň degişli maddasynyň sanksiýasynda göz öňünde tutulandygyna ýa-da tutulmandygyna garamazdan, oňa duýduryş görnüşinde administratiw temmisiniň berlip bilinýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Administratiw hukuk bozulmany on alty ýaşdan on sekiz ýaşa çenli eden kämillik ýaşyna ýetmedik adam edilen hukuk bozulmanyň anyk ýagdaýlary, hukuk bozujynyň psihiki ösüşi, durmuş we ýaşaýyş şertleri, saglyk ýagdaýy we bilim derejesi hasaba

alnyp, etraplaryň ýa-da etrap hukukly şäherleriň häkimliginiň ýanyndaky kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işleri baradaky toparlar we işe seretmäge beýleki ygtyýarly edaralar tarapyndan administratiw jogapkärçiliginden boşadylyp, oňa Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki täsir ediş çäreleri ulanylyp bilner (Türkmenistanyň AHBHK-nyň 27-nji maddasynyň 3-nji bölegi).

Türkmenistanyň RK-nyň 1071-nji maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda, kämillik ýaşyna ýetmedigiň ata-enesiniň ýa-da oňa gözegçilik etmäge jogapkär şahslaryň kämillik ýaşyna ýetmedigiň bikanun hereketleri bilen başga şahsa ýetiren zyýanynyň öwezini doldurmaga borçludyklaryny, Türkmenistanyň AHBHK-nyň 577-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, on alty ýaşdan on sekiz ýaş aralygynda ownuk huligançylyk eden kämillik ýaşyna ýetmedik adamyň özbaşdak gazanjy bolmadyk halatynda jerimäni olaryň ata-enesinden ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlardan tutulyp alynýandygyna kazyýetler üns bermelidirler.

7. Türkmenistanyň AHBHK-nyň 4-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, şol Kodeksiň kadalarynyň meňzeşlik boýunça ulanylmagyna ýol berilmeýär, çünki Türkmenistanyň AHBHK-de administratiw hukuk bozulmalary hakyndaky jogapkärçilik adam hukuklaryny hem azatlyklaryny çäklendirmek bilen bagly bolýandygy sebäpli ol takyk bolmalydyr.

8. Kazyýetler administratiw hukuk bozulmalary baradaky işleriň hemmetaraplaýyn, doly we dogry seredilmegini üpjün etmek maksady bilen kazyýetiň önümçiligine gelip gowşan şeýle işleriň resmileşdirilişine bolan talaby ýokarlandyrmalydyrlar we her bir iş boýunça aşakdakylary, ýagny:

a) işiň kazyýetde seredilmäge degişlidigini;

b) administratiw hukuk bozulma hakynda teswirnamanyň Türkmenistanyň AHBHK-nyň 531-nji maddasynyň talaplaryna laýyklykda düzülendigini;

ç) administratiw hukuk bozujynyň, jebir çekeniň we şaýatlaryň düşündirişleriniň bardygyny hem-de şol subutnamalaryň adamy administratiw jogapkärçiligine çekmek meselesini çözmek üçin ýeterlikdigini;

d) işde administratiw hukuk bozujynyň şahsyýeti barada zerur bolan, ýagny: ady, atasynyň ady, familiýasy, doglan ýyly, aýy we güni, ýaşaýan ýeri, işleýän (okaýan) ýeri, maşgala ýagdaýy, eger-de ozal administratiw ýa-da jenaýat jogapkärçiligine çekilen bolsa, olar baradaky maglumatlaryň bardygyny;

e) özi barada administratiw hukuk bozulma hakynda teswirnama düzülen şahsyň işiň ýöredilýän dilini bilýändigini;

ä) administratiw hukuk bozuja işiň materiallary bilen tanyşmak, düşündiriş bermek, subutnamalary görkezmek, işe seredilende adwokatyň kömeginden peýdalanmak, haýyşnama bildirmek, işiň ýöredilýän diline düşünmedik ýagdaýynda terjimeçiniň kömeginden peýdalanmak hukuklarynyň düşündirilendigini;

h) Türkmenistanyň AHBHK-nyň 56-njy maddasynda göz öňünde tutulan halatlarda administratiw temmisini bermek üçin bellenilen iki aý möhletiň, administratiw derňew hereketleri geçirilende, jenaýat işini gozgamakdan ýüz dönderilen ýa-da jenaýat işi boýunça önümçilik bes edilen halatynda, ýöne hukuk bozujynyň hereketlerinde administratiw hukuk bozulmanyň alamatlary bar bolsa, administratiw derňew hereketleri tamamlanandan soň administratiw hukuk bozulma hakynda teswirnama düzülen ýa-da jenaýat işini gozgamakdan ýüz döndermek ýa-da

ol boýunça önümçiligi bes etmek hakynda karar kabul edilen gününden beýläk bir aý möhletiň geçmändigini anyklamalydyrlar.

9. Administratiw derňew hereketleri-bu administratiw önümçiligi gozgamak üçin delilleri, administratiw hukuk bozulmanyň bolandygy baradaky ýagdaýlary we administratiw hukuk bozulmanyň wakasynyň bardygyny tassyklaýan maglumatlary anyklamak, olary berkitmek, hukuk taýdan baha berip kesgitlemek hem-de iş ýöredip taýdan resmileşdirmek üçin birnäçe wagty talap edýän iş ýöredip hereketleriniň toplumydyr. Administratiw derňew hereketlerini geçirmek, zerur maglumatlary almaga gönükdirilen hakyky hereketlerden, ýagny gerek halatynda bilermenler seljermesini geçirmek, jebir çekenleri we şaýatlary anyklamak, başga ýerde ýaşaýan şahslary sorag etmek ýaly hereketlerden ybaratdyr.

Türkmenistanyň JIÝK-nyň kadalary esasynda jenaýat işi boýunça geçirilen deslapky derňew hereketleri, eger-de bu hereketler administratiw jogapkärçiligine çekilýän adam barada geçirilip, netijede jenaýat işi ýatyrylan bolsa, ýöne hukuk bozujynyň hereketlerinde administratiw hukuk bozulmanyň alamatlary bar bolsa, munuň administratiw derňew hereketleri bolmaýandygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

10. Eger-de, administratiw jogapkärçiligine çekmek hakyndaky mesele anyklaýyş ýa-da deslapky derňew geçirilýän, şeýle hem işe kazyýetde seredilýän mahalynda ýüze çykan bolsa, onda kazyýetler Türkmenistanyň JIÝK-nyň 205-nji maddasyna laýyklykda, administratiw jogapkärçiligine hukuk bozulmanyň edilen gününden bir aýdan gijä goýulman çekilip bilinýändigine üns bermelidirler.

11. Administratiw jogapkärçiligine çekmek üçin wagt möhleti hukuk bozulmanyň edilen gününden, dowam edýän administratiw hukuk bozulma üçin bolsa, onuň ýüze çykarylan gününden hasaplanylýar.

Yzygiderli wagtyň dowamynda üznüksiz edilen etmiş dowam edýän administratiw hukuk bozulma diýlip hasaplanylýar. Dowam edýän administratiw hukuk bozulma mysal edip, atylýan ýaraglary saklamagyň kadalarynyň bozulmagyny, harby hasap kadalarynyň bozulmagyny we şuňa meňzeşleri görkezmek bolar.

Şoňa görä-de, eger adamy administratiw jogapkärçilige çekmek üçin wagt möhleti geçen bolsa, onda işiň kazyýete gelip gowşan pursadyna ýa-da onuň düýp manysy boýunça seredilýän pursadyna garamazdan, kazy administratiw jogapkärçiligine çekilýän baradaky iş boýunça önümçiligi bes etmek barada karar kabul etmäge borçludyr.

12. Administratiw hukuk bozulma we administratiw hukuk bozulma baradaky kararlar boýunça şikaýatlara seredende kazy Türkmenistanyň AHBHK-nyň 6-njy maddasynda berkidilen, özi babatda önümçilik alnyp barylýan şahsyň administratiw jogapkärçiligi-bigünälik prezumpsiýasy ýörelgesinden ugur almalydyr.

Administratiw hukuk bozulmalary hakyndaky önümçilik boýunça administratiw jogapkärçiligine çekilýän şahs özüniň bigünädigini subut etmäge borçly däldir we bu borç administratiw derňewi alyp barýan şahsyň üstüne ýüklenendir, ýöne bu düzgün Türkmenistanyň AHBHK-nyň 32^{1}-nji maddasynda görkezilen, awtomatlaşdyrylan düzgünde fotosurata düşürýän we wideoýazgy edýän ýörite tehniki serişdeleriň ýa-da foto we wideo ýazgy edýän serişdeleriň üsti bilen ýüze çykarylan ýol hereketiniň

kadalarynyň bozulandygy bilen baglanyşykly administratiw hukuk bozulma degişli däldir.

Agzalan madda laýyklykda, Türkmenistanyň AHBHK-de bellenen tertipde işe seretmäge ygtyýarly edaranyň ýa-da wezipeli adamyň kanuny güýje giren kararlary bilen günälidigi subut edilýänçä we anyklanylýança administratiw önümçilik özi babatda alnyp barylýan şahs bigünä hasap edilýär.

13. Türkmenistanyň AHBHK-de ilkinji gezek "wezipeli adam" barada giňişleýin düşünje berlip, şol Kodeksiň 30-njy maddasynyň belliginiň manysyna görä, wezipeli adam baradaky kesgitlemäniň iki ölçegden ybaratdygyny, ýagny ýolbaşçylyk ediji ygtyýaryna eýe bolmak ýa-da administratiw-hojalyk häsiýetlidigini, ýolbaşçylyk ediji ygtyýaryna eýe bolmak-munuň adamlara ýa-da guramalara ýolbaşçylyk etmek, administratiw-hojalygyň bolsa emläge, zatlara ygtyýar etmek bolup duryandygyny kazyýetlere düşündirmeli.

14. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 11-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk adamlar Türkmenistanyň kanunlaryna we halkara şertnamalaryna laýyklykda Türkmenistanyň raýatlarynyňky ýaly hukuklardan we azatlyklardan peýdalanýarlar hem-de borçlary ýerine ýetirýärler. Türkmenistanyň AHBHK-nyň 31-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, Türkmenistanyň çäginde administratiw hukuk bozulmalaryny eden daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar we daşary ýurt ýuridik şahslary agzalan Kodeksde görkezilen umumy esaslarda administratiw jogapkärçiligine çekilmäge degişlidirler, ýöne Türkmenistanyň kanunçylygy hem-de halkara şertnamalary esasynda ýörite goraglylyk hukugyndan peýdalanýan we Türkmenistanyň çäginde administratiw hukuk bozulmany eden daşary ýurt raýatynyň administratiw jogapkärçilik meselesiniň halkara hukugynyň kadalaryna, ýagny diplomatik gatnaşyklar hakyndaky 1961-nji ýylyň Wena Konwensiýasynyň 31-nji maddasynyň talaplaryna laýyklykda çözülýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Türkmenistanyň AHBHK-nyň 549-njy maddasynyň 6-njy bölegine laýyklykda, daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk adamlar babatda administratiw temmi çäresi hökmünde administratiw taýdan tussag etmek ulanylandygy hakynda kararyň nusgasynyň Türkmenistanyň Daşary işler ministrligine we prokurora iberilýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

Daşary ýurt raýaty-bu Türkmenistanyň raýaty bolmadyk we daşary ýurt raýatlygyny tassyklaýan subutnamalary-resminamalary bar bolan fiziki şahsdyr. Raýatlygy bolmadyk adam-bu Türkmenistanyň raýaty bolmadyk we daşary ýurt raýatlygyny tassyklaýan subutnamalary-resminamalary bolmadyk fiziki şahsdyr. Daşary ýurt ýuridik şahs-bu daşary ýurt ýuridik şahsdygyny tassyklaýan subutnamalary-resminamalary bar bolan ýuridik şahsdyr.

15. Prokuroryň başlangyjy bilen gozgalan administratiw hukuk bozulma baradaky işler (436-njy madda), edilen administratiw hukuk bozulma üçin administratiw temmisi hökmünde duýduryş berilmegi göz öňünde tutulan işler, işlere kazyýet mejlisinde seretmegiň barşynda edilen administratiw hukuk bozulma baradaky işler boýunça we awtomatlaşdyrylan düzgünde fotosurata düşürýän we wideoýazgy edýän ýörite tehniki serişdeleriň ýa-da foto we wideo ýazgy edýän serişdeleriň üsti bilen ýüze çykarylan ýol hereketiniň kadalarynyň bozulmagy üçin (534-nji madda)

edilen administratiw hukuk bozulmalar baradaky işlerden başga işler boýunça ähli halatlarda, Türkmenistanyň AHBHK-nyň 531-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, administratiw hukuk bozulmanyň berk hasabatlylyk resminamalaryna degişli bolan Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namasy bilen tassyklanan nusgada administratiw hukuk bozulma hakynda teswirnama düzülip resmileşdirilýändigine, şunda agzalan maddanyň talaplarynyň doly berjaý edilmäge degişlidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Administratiw hukuk bozulmanyň birnäçe görnüşini eden düzgün bozujy barada administratiw hukuk bozulma hakynda bir teswirnamanyň düzülýändigini, şol bir hukuk bozulmanyň birnäçe adamlar tarapyndan edilen halatynda, olaryň hersi boýunça aýratynlykda administratiw hukuk bozulma hakynda teswirnama düzülýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

Awtomatlaşdyrylan düzgünde fotosurata düşürýän we wideoýazgy edýän ýörite tehniki serişdeleriň ýa-da foto we wideo ýazgy edýän serişdeleriň üsti bilen ýüze çykarylan ýol hereketiniň kadalarynyň bozulandygy üçin administratiw jogapkärçiligine çekmek hakynda içeri işler edaralarynyň kararynyň düzgün bozujynyň gatnaşmazlygynda çykarylýandygyny, karar barada berlen şikaýata seredilende, düzgün bozulma ýazgy edilen pursadynda ulag serişdesiniň onuň eýesiniň ygtyýary bolmazdan dolandyrylandygy (ulagda onuň eýesiniň ýokdugy, ulagyň başga bir adam tarapyndan dolandyrylandygy, ulagyň eýesiniň eýeçiliginden aýrylandygy we şuňa meňzeşler) anyklanan ýagdaýynda, ulagyň eýesiniň administratiw jogapkärçiliginden boşadylyp, zerur resminamalaryň degişli adamy administratiw jogapkärçiligine çekmek meselesini çözmek üçin yzyna gaýtarylmaga degişlidigini, eger-de ulag ýuridik şahsa degişli bolsa, şol ulagy ulanmaklyga jogapkär bolan şahsyň administratiw jogapkärçiligine çekilmäge degişlidigini, islendik ýagdaýda administratiw hukuk bozulma barada kararyň we awtomatlaşdyrylan düzgünde fotosurata düşürýän we wideoýazgy edýän ýörite tehniki serişdeleriň ýa-da foto we wideo ýazgy edýän serişdeleriň üsti bilen ýüze çykarylan materiallarynyň nusgalarynyň garşysyna administratiw hukuk bozulma hakynda iş gozgalana iberilýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

Awtomatlaşdyrylan düzgünde fotosurata düşürýän we wideoýazgy edýän ýörite tehniki serişdeleriň ýa-da foto we wideo ýazgy edýän serişdeleriň üsti bilen ýüze çykarylan ýol hereketiniň kadalarynyň bozulandygy bilen baglanyşykly işlere seredilende, subutnamalara baha bermek üçin degişli hünärmenleriň sorag edilip bilinýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

16. Administratiw hukuk bozulma baradaky işiň kazyýetiň seretmegine degişli däldigi anyklanylsa, onda kazy şol işi ugradyş haty bilen seretmäge degişli bolan edara iberip, bu barada işi kazyýete iberen edara ýa-da wezipeli adama habar bermelidir.

Administratiw hukuk bozulma hakynda teswirnama ygtyýary bolmadyk adam tarapyndan düzülen bolsa ýa-da teswirnama we beýleki resminamalar nädogry resmileşdirilen ýa-da doly ýygnalmadyk bolsa, onda kazy teswirnamany düzen edara ýa-da wezipeli adama administratiw hukuk bozulma hakyndaky teswirnamany we beýleki resminamalary ugradyş haty bilen gaýtarmalydyr. Kazynyň ugradyş haty delillendirilen bolmalydyr, onda düzedilmäge degişli, ýüze çykarylan kemçilikler görkezilmelidir.

Eger administratiw hukuk bozulma baradaky teswirnama hereketlerinde jenaýatyň alamatlary bar bolan adam barada jenaýat işini gozgamakdan ýüz dönderilendigi hakynda ýa-da ol adam barada reabilitirlenmedik esaslar boýunça önümçilikden ýatyrylan jenaýat işiniň maglumatlary esasynda düzülen bolsa, onda kazyýet şu administratiw hukuk bozulmasy boýunça toplanan materialy seretmezden jenaýat işini gozgamakdan ýüz döndermek ýa-da jenaýat işini önümçilikden ýatyrmak baradaky kararlaryň kanunalaýykdygy baradaky meseläni çözmeklige ygtyýarly edara (prokurora) ibermäge borçludyr.

17. Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 218-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, eger jenaýat işini gozgamakdan ýüz dönderilen halatynda we administratiw jogapkärçiligine çekmek üçin esas bar bolsa, toplanan maglumatlaryň anyklaýyş edarasynyň, sülçiniň, prokuroryň we kazynyň karary ýa-da kazyýetiň kesgitnamasy esasynda, toplanan materiallar administratiw tertipde çäre görmek üçin degişliligi boýunça iberilýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

Eger-de, adam Türkmenitanyň Jenaýat kodeksiniň 70-72-nji maddalary ýa-da şol Kodeksiň aýratyn böleginiň maddalarynda görkezilenler esasynda jenaýat jogapkärçiliginden boşadylan halatynda, şol adamyň administratiw jogapkärçiligine çekilip bilinmeýändigini, çünki günäkäriň jogapkärçiliginiň onuň jenaýat etmegine degişlilikde çözülýändigini we şeýle ýagdaýlarda adamyň administratiw jogapkärçiligine çekilýändiginiň kanunda göz öňünde tutulmandygyny kazyýetlere düşündirmeli.

18. Türkmenistanyň AHBHK-nyň 29-njy maddasyna laýyklykda, harby gullukçylar we harby ýygnanyşyklara çagyrylan raýatlar, şeýle hem içeri işler edaralarynyň hatarçylary, seržantlar we ofiserler düzümlerine degişli adamlar administratiw hukuk bozulmalaryny edendikleri üçin gös-göni düzgün-nyzam tertipnamalarynda göz öňünde tutulan halatlarda düzgün-nyzam jogapkärçiligini çekýärler, beýleki halatlarda bolsa, umumy esaslarda administratiw jogapkärçilige degişlidirler. Şol Kodeksiň agzalan maddasynyň 1-nji we 2-nji böleklerinde görkezilen adamlar Türkmenistanyň Döwlet serhediniň düzgünleri, Türkmenistanyň Döwlet serhediniň üstünden geçiriş ýerlerindäki düzgünler, Türkmenistanyň salgyt, sanitariýa we weterinariýa işi, ýangyn howpsuzlygy, ýol hereketiniň howpsuzlygy, aw awlamak we aw hojalygyny ýöretmek, balyk tutmak we suwuň biologik serişdelerini gorap saklamak hakynda kanunçylygy bilen baglanyşykly administratiw hukuk bozulmalary üçin administratiw jogapkärçilige umumy esaslarda degişlidirler. Bu adamlara jemgyýetçilik işlerinde işletmek, administratiw taýdan tussag etmek, çagyryş boýunça harby gullukçylara bolsa jerime salmak temmisi hem ulanylyp bilinmez.

19. “Kazyýet hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 61-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, kazynyň, şeýle hem kazyýetde oturdaşyň borçlaryny ýerine ýetirýän mahalynda kazyýet oturdaşynyň tutup saklanylmagyna, mejbury getirilmegine ýa-da olar babatynda administratiw temmi beriş çäreleriniň ulanylmagyna ýol berilmeýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

20. Administratiw hukuk bozulma baradaky işe, şol işe seretmäge ygtyýarly edara ýa-da wezipeli adam administratiw hukuk bozulma hakynda teswirnama (karar) hem-de işiň beýleki materiallary alnan gününden on bäş gün möhletde seretmelidirler.

Şonuň bilen birlikde, Türkmenistanyň AHBHK-nyň 544-nji maddasynda administratiw hukuk bozulmalary baradaky işlere seretmegiň gysgaldylan möhletleriniň bardygyny we şeýle işlere seretmegiň başga möhletleriniň hem göz öňünde tutulandygyny kazyýetler ünsden düşürmeli däldirler.

Möhleti berjaý etmek maksady bilen administratiw hukuk bozulmalary baradaky işlere seredilende, kazy işiň serediljek ýeri we wagty barada işe gatnaşyjylara öz wagtynda habar bermek üçin zerur çäreleri görmelidir. Türkmenistanyň AHBHK-de işe gatnaşyjylary kazyýete çagyrmak barada çäklendirmeleriň ýokdugy sebäpli, işiň takyk ýagdaýlaryna baglylykda, maglumaty çagyrylýan adamyň alandygyna gözegçilik etmek mümkinçiligi bolan aragatnaşyk serişdelerini (çagyryş haty, telegramma, telefonogramma we ş.m.) ulanmak arkaly çagyryş geçirilip bilner.

Administratiw jogapkärçiligine çekilýän kämillik ýaşyna ýetmedik adamyň we kämillik ýaşyna ýetmedik jebir çekeniň ýa-da özüniň fiziki ýa-da psihiki ýetmezçiligi zerarly administratiw hukuk bozulmalary baradaky işler boýunça öz hukugyny özi amala aşyryp bilmeýän adamyň bähbitlerini olaryň kanuny wekilleriniň (ata-eneleriniň, perzentlige alanlaryň, hossarlarynyň we howandarlarynyň) goramaga haky bardyr. Şol sebäpli hem kazyýet soňkulary işiň serediljek ýeri we wagty barada habarly etmäge borçludyr.

21. Türkmenistanyň AHBHK-nyň 487-nji maddasyna laýyklykda, administratiw hukuk bozulma barada işe administratiw önümçilik özi babatda alnyp barylýan adamyň ýa-da ýuridik şahsyň wekiliniň gatnaşmagynda seredilmelidir. Diňe işe serediljek ýeri we wagty barada olaryň öz wagtynda habarly edilendigi hakyndaky maglumatlar bar mahalynda we işe seredilmeginiň gaýra goýulmagy hakynda haýyşnama gelip gowuşmadyk ýa-da şol haýyşnama kanagatlandyrmakdan ýüz dönderilen hem-de işine seredilýäniň esassyz sebäplere görä, kazyýete gelmekden boýun gaçyrýan halatlarynda işe olaryň ýoklugynda seredilip bilner, ýöne administratiw taýdan tussag etmek, fiziki şahsa berlen ýörite hukugy çäklendirmek, administratiw taýdan Türkmenistanyň çäginden çykarmak ýa-da administratiw taýdan işi togtatmak görnüşinde administratiw temmisiniň berilmegi göz öňünde tutulan administratiw hukuk bozulmalary barada işlere seredilende administratiw önümçilik özi babatda alnyp barylýan adamyň ýa-da ýuridik şahsyň wekiliniň gatnaşmagy hökmandyr.

Eger-de administratiw hukuk bozulmalary barada işine seredilýän adam ýa-da ýuridik şahsyň wekili kazyýet mejlisinde adwokatyň kömeginden peýdalanmak islese, onda soňky özüne hukuk kömegini bermäge rugsat berýän orderi getiren ýagdaýynda, işe seredilende gatnaşmaga goýberilip bilner.

Türkmenistanyň AHBHK-nyň 492-nji maddasyna laýyklykda, kämillik ýaşyna ýetmedik adamlar ýa-da özleriniň fiziki ýa-da psihiki ýetmezçilikleri sebäpli administratiw hukuk bozulmalary barada iş boýunça hukuklaryny özbaşdak amala aşyryp bilmeýän adamlar tarapyndan edilen administratiw hukuk bozulmalary barada işlere seredilende, şeýle hem özi babatda önümçilik alnyp barylýan şahsyň talap etmegi boýunça işe adwokatyň gatnaşmagy hökmandyr.

22. Türkmenistanyň AHBHK-nyň 491-nji maddasyna laýyklykda, administratiw önümçilige gatnaşýan adwokatyň ygtyýarlylygynyň adwokatlar kollegiýasynyň prezidiumy tarapyndan hasaba alnyp berlen order bilen tassyklanýandygyny, wekiliň

we ýuridik kömegi berýän beýleki adamyň ygtyýarlylygynyň bolsa, Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda berlen ynanç haty bilen tassyklanýandygyny kazyýetler ünsden düşürmeli däldirler.

23. Kämillik ýaşyna ýetmedikler, göwreli aýallar, sekiz ýaşa çenli çagalary bolan aýallar, ýaşy boýunça pensiýa ýa-da durmuş kömek puluna hukugy bolan adamlar, I we II topar maýyplygy bolan adamlar babatda seredilýän administratiw hukuk bozulma barada işleriň, şeýle hem prokuroryň başlangyjy bilen gozgalan administratiw hukuk bozulma barada işleriň serediljek wagty we ýeri hakynda prokurora habar bermelidigini kazyýetler ünsden düşürmeli däldirler (Türkmenistanyň AHBHK-nyň 436-njy maddasynyň 4-nji bölegi).

24. Kanun boýunça, administratiw hukuk bozulmalary barada işlere kazyýet tarapyndan administratiw hukuk bozulmanyň edilen ýeri boýunça seredilýär. Şonuň bilen birlikde, Türkmenistanyň AHBHK-nyň 543-nji maddasyna laýyklykda, şolar ýaly işleriň administratiw önümçilik özi babatda alnyp barylýan adamyň ýaşaýan ýeri boýunça ýa-da ulag serişdeleriniň döwlet belligine alnan ýerinde seredilip bilinýändigine, kämillik ýaşyna ýetmedik adamlar tarapyndan edilen administratiw hukuk bozulmalary barada işlere olaryň ýaşaýan ýerleri boýunça seredilýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

25. Administratiw hukuk bozulma barada işe seretmegiň, administratiw hukuk bozulma baradaky iş boýunça önümçilige gatnaşýanlaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramaga we obýektiw hakykaty anyklamaga gönükdirilen belli bir yzygiderli iş ýörediş hereketi bolup duryandygyna, şol sebäpli işe seredilip başlanmazdan öň, işe seretmäge ygtyýarly edaranyň işe seretmek üçin ähli zerur şertleriň bardygyny anyklap, işe seredilende Türkmenistanyň AHBHK-nyň 545-nji maddasynda görkezilen tertibiň gyşarnyksyz berjaý edilmelidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

26. Administratiw hukuk bozulmalary bilen baglanyşykly işlere seredilende, administratiw hukuk bozulma hakyndaky teswirnamada edilen etmiş nädogry maddalaşdyrylan bolsa, onda kazyýet administratiw jogapkärçiligine çekilýäniň hereketini (hereketsizligini) işine seredilýäniň ýagdaýyny agyrlaşdyrmaýan we işe seretmegiň bellenilen degişliligini üýtgetmeýän ýagdaýynda, birmeňzeş kast etme obýekti bolan, administratiw hukuk bozulmalary üçin jogapkärçiligi göz öňünde tutýan madda bilen maddalaşdyrmaga haklydyr.

Administratiw hukuk bozulmalary baradaky işe seredilýän wagty işine seredilýän tarapyndan onuň jenaýat jogapkärçiligine çekilmeginiň mümkindigi barada kanuna garşy gelýän başga hereketleriniň bardygy anyklanan ýagdaýynda, kazy administratiw hukuk bozuja administratiw temmisini belläp, çykaran kararynyň nusgasy bilen birlikde içeri işler edarasyna goşmaça barlag geçirmekligi talap edýän, ýüze çykarylan ýagdaýlar barada maglumaty hem ibermelidir.

27. Aýratyn iş ýörediş hereketlerini talap edýän ýagdaýlardan başga halatlarda (bilermenler seljermesini bellemek, kazyýet tabşyrygyny ibermek, subutnamalary talap edip almak we ş.m.) kazyýet seljerişiniň dowamynda bildirilen haýyşnamalar boýunça aýratyn karary çykarylmagynyň talap edilmeýändigini, ýöne subutnamalara baha bermek bilen baglanyşykly ýa-da işi düýp manysy boýunça çözmek üçin başga bir ähmiýeti bolan ýagdaýlar boýunça bildirilen haýyşnamalary kanagatlandyrman

galdyrmaklyga esas bolan sebäpleriň kazyýetiň iş boýunça kabul eden kararynda delillendirilmäge degişlidigini kazyýetlere düşündirmeli.

28. Diňe gutarylan etmiş üçin şahs administratiw jogapkärçiligine çekilip bilner. Administratiw jogapkärçiligine çekilýän şahsyň hereketiniň (hereketsizliginiň) netijesinde administratiw hukuk bozulmagynyň kanunda görkezilen alamatlary bar bolan mahalynda administratiw hukuk bozulma gutarylan diýlip hasaplanylýar.

29. Häzirki wagtda administratiw temmileriň görnüşleriniň ep-esli üýtgedilendigine we giňeldilendigine, administratiw temmileriň görnüşleriniň, administratiw temmileriň esasy we goşmaça görnüşleriniň we olary bermegiň tertibiniň Türkmenistanyň AHBHK-nyň 5-nji we 6-njy baplarynda düzgünleşdirilendigine, işe seredilende kanunyň şol talaplaryndan ugur alynmaga degişlidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

30. Türkmenistanyň AHBHK-nyň 52-nji we 53-nji maddalarynda görkezilen, administratiw hukuk bozulma üçin jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän ýagdaýlaryň sanawynyň gutarnykly däldigine, olardan başga ýagdaýlaryň hem jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän ýagdaýlar diýlip hasap edilip bilinýändigine, jogapkärçiligi agyrlaşdyrýan ýagdaýlaryň sanawynyň gutarnyklydygyna kazyýetler üns bermelidirler.

31. Administratiw temmisiniň görnüşini we möçberini bellemek meselesi çözülende, Türkmenistanyň AHBHK-nyň administratiw temmisiniň diňe şol administratiw hukuk bozulma üçin edilen etmişiň häsiýetini, administratiw hukuk bozujynyň şahsyýetini we onuň maddy ýagdaýyny, administratiw hukuk bozulmalary üçin jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän we agyrlaşdyrýan ýagdaýlary nazara almak bilen kanunda görkezilen sanksiýanyň çäginde bellemeklige ýol berilýär.

Şonuň bilen birlikde, haçan-da hukuk bozulmanyň boluş ýagdaýlary hem-de administratiw hukuk bozujynyň şahsyýeti baradaky maglumatlaryň jeminde hukuk bozuja başga administratiw temmisini ulanmak ýeterlik däl diýlip hasaplanylan aýratyn ýagdaýlarda, hereket edýän kanunçylyga laýyklykda administratiw taýdan tussag etmek temmisi ulanylyp bilner.

Şeýle hem, Türkmenistanyň AHBHK-nyň 49-njy maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda, administratiw taýdan tussag etmek temmisi göwreli aýallar, on dört ýaşa çenli çagasy (on sekiz ýaşyna ýetmedik maýyplygy bolan çagasy) bolan aýallar, on dört ýaşa çenli çagasyny (on sekiz ýaşyna ýetmedik maýyplygy bolan çagasyny) terbiýeleýän ýalňyz erkek adamlar, kämillik ýaşyna ýetmedik adamlar, I ýa-da II topar maýyplygy bolan adamlar, şeýle hem ýaşy boýunça pensiýa ýa-da durmuş kömek puluna hukugy bolan adamlar babatda ulanylyp bilinmeýändigine kazyýetleriň ünslerini çekmeli.

Kazy administratiw taýdan tussag etmek temmisini bellemek baradaky kararynda tussag etmekliginiň möhletiniň hasaplanylyp başlanýan wagtyny görkezmelidir. Şol möhletiň başlanýan pursaty anyklananda, Türkmenistanyň AHBHK-nyň 515-nji maddasynyň 4-nji bölegine laýyklykda, administratiw taýdan tutup saklamagyň möhleti hukuk bozujynyň teswirnama düzmek üçin getirilen pursatyndan, serhoş ýagdaýdaky adamyň bolsa, onuň huşuna gelen wagtyndan hasaplanýandygyny kazyýetlere düşündirmeli.

Eger-de administratiw taýdan tussag etmek baradaky karar kabul edilen şahs bu temmini başga bir iş boýunça çekýän wagtynda kabul edilen bolsa, onda iş boýunça temmi çekmek möhleti soňky kararyň kabul edilen gününden öňki karar boýunça çekilmän galan möhlet bilen bilelikde hasaplanýandygyny kazyýetlere düşündirmeli.

32. Administratiw hukuk bozulmalary bilen baglanyşykly işlere seredilende, Türkmenistanyň AHBHK-nyň 39-njy maddasyna laýyklykda, kazy onçakly uly bolmadyk administratiw hukuk bozulmany anyklan ýagdaýynda, administratiw hukuk bozulmany eden şahs babatda agzalan Kodeksde göz öňünde tutulan administratiw temmisini ol temminiň has ýeňil görnüşi bilen çalşyryp ýa-da bu şahsy administratiw jogapkärçiliginden boşadyp we dilden duýduryş bermek bilen çäklenip biler, ýöne bu barada gelen netijesini kazy işi ýöretmegi ýatyrmak hakyndaky kararynda hökmany delillendirmelidir.

Türkmenistanyň AHBHK-nyň Aýratyn bölüginde göz öňünde tutulan administratiw hukuk bozulmanyň alamatlary bolan, ýöne häsiýeti, ýetirilen zyýanyň möçberi we netijesiniň agyrlyk derejesi boýunça kanun tarapyndan goralýan bähbitlere düýpli täsir ýetirmeýän hereket (hereketsizlik) "onçakly uly bolmadyk administratiw hukuk bozulma" diýlip hasap edilmelidir.

Şeýle ýagdaýlar, ýagny mysal üçin administratiw jogapkärçilige çekileniň şahsyýeti we emläk ýagdaýy, hukuk bozulmanyň netijesini meýletinlikde aradan aýyrmagy, ýetirilen zyýanyň öwezini dolmagy hukuk bozulmanyň onçakly uly bolmadyk administratiw hukuk bozulma diýip hasap etmek üçin esas bolmaýandygyny, bu ýagdaýlaryň diňe administratiw temmi bellenende göz öňünde tutulýandygyny kazyýetlere düşündirmeli.

33. Administratiw hukuk bozulmalarynyň ikisi ýa-da şondan hem köpüsi bir şahs tarapyndan edilende administratiw temmisi her bir hukuk bozulma üçin aýratynlykda berilýär, eger şahs administratiw hukuk bozulmalarynyň birnäçesini eden bolsa we ol administratiw hukuk bozulmalary barada işlere bir wagtda şol bir ygtyýarly edara tarapyndan seredilýän bolsa, administratiw temmisi has düýpli bozulma üçin bellenilen sanksiýanyň çäklerinde berilýär. Şeýle halatda administratiw temmisiniň esasy görnüşine edilen hukuk bozulmalarynyň islendigi üçin jogapkärçilik hakynda maddalarda göz öňünde tutulan administratiw temmisiniň goşmaça görnüşleriniň biri goşulyp bilner.

Şeýle edilende, administratiw temmisi hukuk bozulmalaryň hersi boýunça aýratynlykda bellenilip, gutarnykly administratiw temmisi Türkmenistanyň AHBHK-nyň 54-nji maddasynyň 2-nji böleginiň talaplaryna laýyklykda, has düýpli bozulma üçin bellenilen sanksiýanyň çäginde berilýär.

34. Administratiw hukuk bozulma baradaky iş boýunça kararyň, özi babatda önümçilik alnyp barylýan şahsyň administratiw hukuk bozulmany etmekde günäli bilinmegi hakyndaky işe seretmäge ygtyýarly edaranyň çözgüdini öz içine alýandygyny, kararda Türkmenistanyň AHBHK-nyň 548-nji maddasynda görkezilen maglumatlaryň görkezilmäge we meseleleriň çözülmäge degişlidigini kazyýetlere düşündirmeli.

Türkmenistanyň AHBHK-nyň 42-nji maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda, bir administratiw hukuk bozulma üçin administratiw temmisiniň esasy we goşmaça görnüşleri ulanylyp bilner. Kazyýet esasy administratiw temmisi bilen bir wagtda

goşmaça administratiw temmisiniň ulanylmagy ýa-da ulanylmazlygy baradaky netijelerini kararda delillendirip görkezmelidirler.

Ulag serişdelerini dolandyrmaga bolan hukugy çäklendirmek baradaky goşmaça administratiw temmisini ulanmaklyk üçin administratiw jogapkärçilige çekileniň ulag serişdelerini dolandyrmaklyga hukuk berýän şahadatnamasynyň bardygynyň ýa-da ýokdugynyň ähmiýetiniň ýokdugyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

35. Administratiw hukuk bozulmanyň edilmegi netijesinde ýetirilen maddy zyýanyň häsiýetiniň we möçberiniň doly we dogry anyklanmagynyň zerurdygyny, sebäbi köp halatlarda ýetirilen zyýanyň mukdarynyň hukuk bozulmanyň düzüminiň hökmany alamaty bolup duryandygyny hem-de kararda Türkmenistanyň AHBHK-nyň 58-nji we 548-nji maddalaryna laýyklykda ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak meselesiniň çözülmäge degişlidigini kazyýetlere düşündirmeli.

36. Ulag serişdesini dolandyrýan adam tarapyndan ýol hereketiniň howpsuzlygyna wehim salýan hereket diýlip, telefondan, gepleşmäge mümkinçilik berýän beýleki tehniki serişdelerden peýdalanmaklyga, çilim çekmeklige, iýmit iýmeklige, ýol hereketine gatnaşyjylary howlukdyrmaklyga, sesini gaty açyp audio-wideo enjamlaryny diňlemeklige, ýol hereketine gatnaşyjy beýleki ulaglara ýol bermezlige we şulara meňzeş beýleki ýagdaýlara düşünilmelidir.

37. Ownuk huligançylyk, gulluk we jemgyýetçilik borjuny ýerine ýetirýän içeri işler edaralarynyň işgäriniň, harby gullukçynyň ýa-da beýleki adamlaryň kanuny görkezmesine ýa-da talabyna bilkastlaýyn boýun bolunmazlyk, administratiw gözegçilik kadalarynyň bozulmagy, jelepçilik bilen meşgullanmak bilen baglanyşykly işlere seredilende, administratiw jogapkärçiligine çekilýäniň hereketlerinde görkezilen hukuk bozulmalara mahsus bolan alamatlaryň bardygyny barlamaklyk zerurdyr.

Ownuk huligançylyk diýlip, jemgyýetçilik ýerlerinde paýyş sözler bilen sögülmegine, raýatlara göwnedegijilikli azar berilmegine we jemgyýetçilik tertibini hem-de raýatlaryň rahatlygyny bozýan we şolara meňzeş beýleki hereketleriň edilmegine düşünilýär. Eger-de hereketler raýatlara zorluk ulanmak ýa-da zorluk ulanmak haýbatyny atmak, şonuň ýaly-da kesekiniň emlägini ýok etmek ýa-da zaýalamak bilen baglanyşykly bolan ýagdaýynda, günäkär adam şol hereketleri üçin Türkmenistanyň JK-nyň 310-njy maddasynyň 1-nji bölegi bilen jenaýat jogapkärçiligine çekilmäge degişlidir.

Ownuk huligançylyk köplenç başga adamlaryň gös-göni gatnaşmagynda edilýär, ýöne görkezilen etmişiň düzümi üçin onuň köpçüligiň arasynda edilen bolmagy hökmany däldir. Eger-de adamlaryň ýoklugynda, adam diwara gelşiksiz ýazgylar ýazsa, telefon arkaly birine paýyş sözleri aýtsa ýa-da telefonda paýyş sözleri ýazyp ugratsa, ýa-da gije ýatan adamlaryň rahatlygyny göz-görtele bozsa, köçede, ýaşaýyş jaýlaryň girelgelerinde we töwereginde, kärhanalaryň, edaralaryň, guramalaryň binalarynyň çäklerinde tebigy hajatlaryny amala aşyryp (buşugyp we şuňa meňzeşler) hapalasa hem onuň hereketlerinde ownuk huligançylygyň alamatlary bolup biler.

38. Gulluk we jemgyýetçilik borjuny ýerine ýetirýän içeri işler edaralarynyň işgäriniň, harby gullukçynyň ýa-da beýleki adamlaryň kanuny görkezmesine ýa-da talabyna bilkastlaýyn boýun bolunmazlyk diýlip, olaryň tutanýerli gaýtalan görkezmesini ýa-da talabyny ýerine ýetirmekden boýun gaçyrmaklyga ýa-da jemgyýetçilik tertibini goraýan edara işgärine göz-görtele hormat goýmaýandygyny

subut edýän gödek görnüşde boýun egmezlige, şeýle hem olaryň kanuny hereketine bilkastlaýyn päsgel berilmegine düşünilýär.

Eger-de bu hereketler agzalan adamlar ýa-da olaryň ýakyn adamlary babatda olary öldürmek haýbatynyň atylmagy ýa-da adamyň jany, saglygy üçin howply bolmadyk zorluk ulanylmagy bilen edilen ýagdaýynda, günäkär adam şol hereketleri üçin Türkmenistanyň JK-nyň 231-nji maddasy bilen jenaýat jogapkärçiligine çekilmäge degişlidir.

Içeri işler edaralarynyň işgäriniň, harby gullukçynyň ýa-da beýleki adamlaryň jemgyýetçilik tertibini goramak boýunça gulluk we jemgyýetçilik borçlaryny ýerine ýetirýän mahaly kanuna esaslandyrylyp bildirilen talabynyň ýa-da görkezmesiniň ýerine ýetirilmezligi, şeýle hem olaryň kanuny hereketine bilkastlaýyn päsgel berlendigi üçin hukuk bozujy Türkmenistanyň AHBHK-nyň 378-nji maddasy bilen jogapkärçilige çekilip bilner.

39. Administratiw gözegçilik kadalaryny bozmak diýlip, özlerine şeýle gözegçilik bellenilen adamlaryň şol kadalary bozmagyna düşünilýär. Administratiw gözegçilik içeri işler edarasy tarapyndan Türkmenistanyň Prezidentiniň 1993-nji ýylyň 13-nji iýunyndaky 1354 belgili karary bilen tassyklanan "Içeri işler edaralarynyň azatlykdan mahrum ediliş ýerlerinden boşadylan adamlara administratiw gözegçilik hakynda" Düzgünnama (Türkmenistanyň Prezidentiniň 2001-nji ýylyň 5-nji noýabryndaky 5412 belgili we 2010-njy ýylyň 5-nji oktýabryndaky 11299 belgili kararlary bilen üýtgetmeler we goşmaçalar girizilen) laýyklykda, iş kesilip düzediş edaralaryndan boşap gelen adamlaryň özüni alyp barşyna gözegçilik etmek, olar tarapyndan gaýtadan jenaýat etmekleriniň öňüni almak, olaryň jezasyny çekenden soňra durmuşyň adaty şertlerine gaýtadan uýgunlaşmaklary üçin zerur terbiýeçilik täsirini ýetirmek maksady bilen bellenilýär.

Eger-de kazy işe seredende, administratiw gözegçiligiň nädogry bellenendigini ýa-da uzaldylandygyny anyklan ýagdaýynda, Türkmenistanyň AHBHK-nyň 435-nji maddasynyň 1-nji bendi esasynda administratiw hukuk bozulmanyň wakasynyň bolmandygy sebäpli iş boýunça önümçilik bes edilmäge degişlidir.

40. Jelepçilik bilen meşgullanmak diýlip, aýal-gyzlaryň peşgeş alyp erkekler bilen jyns gatnaşygynda bolmagyna düşünilýär.

Peşgeş hökmünde diňe pul, manat ýa-da daşary ýurt puly däl-de, eýsem dürli görnüşli maddy gymmatlyklar hem bolup biler (zat, emläk, spirtli içgiler, göwün açylýan ýerlerde edilýän lezzetler we ş.m.). Peşgeşiň jyns gatnaşygynda bolunmazyndan öň we soň berilmeginiň ýa-da alynmagynyň jelepçilik bilen meşgullanýanyň hereketlerini maddalaşdyrmaklyga täsiri ýokdur.

41. Eger-de administratiw jogapkärçilige çekilýäniň hereketlerinde jenaýatyň alamatlary bar diýip kazy hasap etse, onda ol jenaýat işini gozgamak baradaky meseläni çözmeklik üçin işi delillendirilen ugradyş haty bilen degişli edara yzyna gaýtarýar.

42. Administratiw hukuk bozulmalary baradaky işler boýunça çykarylýan kararlaryň hiliniň has gowulandyrylmagyna kazylaryň üns bermekleri zerurdyr. Kararda ony çykaran edaranyň ady, administratiw hukuk bozulma barada işe sereden ygtyýarly wezipeli adamyň familiýasy, ady, atasynyň ady, wezipesi, administratiw hukuk bozulmany eden fiziki ýa-da ýuridik şahs barada maglumatlar, işe, şeýle hem iş

boýunça arza, haýyşnama, materiallara seredilen senesi we ýeri, olara seredilende anyklanan ýagdaýlaryň beýany, eger-de jebir çeken, şaýatlar sorag edilen bolsalar, olaryň düşündirişleri, arza, haýyşnama beren şahs ýa-da özi babatda işe seredilýän adam ýa-da ýuridik şahsyň wekili barada maglumatlar, arzanyň, haýyşnamanyň mazmuny, Türkmenistanyň AHBHK-nyň administratiw hukuk bozulma üçin jogapkärçiligi göz öňünde tutýan maddasy, Türkmenistanyň AHBHK-nyň iş boýunça önümçiligi bes etmek ýa-da togtatmak üçin esas bolan maddasy, iş boýunça arza, haýyşnama, materiallara seretmegiň netijesi, düzgün bozujynyň jogapkärçiligini ýeňilleşdirýän, bar bolsa, agyrlaşdyrýan ýagdaýlary, kazynyň haýsy ýagdaýlara görä belli bir temmini bermek barada gelen netijesiniň esaslary, karara şikaýat etmek möhletleri we tertibi, günäkär tarapyndan emläk taýdan ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak, tutulyp alynmaga degişli zyýanyň möçberi, alnan emläkler we resminamalar baradaky meseleleriň çözülendigi baradaky maglumatlar görkezilmelidir.

43. Raýatlaryň kanunyň talaplaryna, özleriniň hukuklaryna we borçlaryna düşünmeklerini we olaryň kanuny sowatlylygyny ýokarlandyrmak maksady bilen kazyýetiň karary okalyp yglan edilenden soň kararyň düýp manysyny we ony çykarmak üçin esas bolan ýagdaýlary olara düşündirmekligi kazyýetlere maslahat bermeli.

Türkmenistanyň AHBHK-nyň 549-njy maddasyna laýyklykda, iş boýunça çykarylan karar işe seretmegiň tamamlanmagy bilen haýal etmän yglan edilmelidir. Kararyň nusgasy özi barada şol karar çykarylan adama ýa-da ýuridik şahsyň wekiline, şeýle hem jebir çekeniň haýyşy boýunça oňa üç günüň içinde gowşurylmalydyr ýa-da iberilmelidir.

44. Administratiw hukuk bozulma barada iş boýunça karara özi hakynda karar çykarylan fiziki ýa-da ýuridik şahs, jebir çeken, kanuny wekil, şeýle hem adwokat tarapyndan ýokarky basgançakly kazyýete, kollegial edaranyň kararyna kollegial edaranyň ýerleşýän ýeri boýunça kazyýete, işe sereden ygtyýarly edaranyň kararyna şol edaranyň ýerleşýän ýeri boýunça kazyýete ýa-da ýokarda durýan ygtyýarly edara kararyň nusgasy gowşurylan ýa-da alnan gününden on günüň dowamynda şikaýat edilip ýa-da prokuror tarapyndan garşylyknama getirilip bilinýändigini kazyýetler ünsden düşürmeli däldirler.

Şonuň bilen birlikde administratiw hukuk bozulma baradaky işler boýunça çykarylan her bir karar barada, şol sanda kazynyň çykaran karary barada hem prokuror tarapyndan garşylyknama bildirilip bilner.

45. Kazy administratiw temmi bermek hakyndaky kararyň wagtynda we dogry ýerine ýetirilmegine gözegçilik etmäge borçludyr. Eger administratiw temmi bermek hakyndaky karar onuň çykarylan gününden beýläk bir ýylyň dowamynda ýerine ýetirilmäge girişilmedik bolsa, onda ol ýerine ýetirilmäge degişli däldir.

Şonuň bilen birlikde Türkmenistanyň AHBHK-nyň 537-nji, 555-nji we 570-nji maddalarynda göz öňünde tutulan ýagdaýlar aradan aýrylýança, wagt möhletiniň togtadylýandygyna ýa-da yza süýşürilip bilinýändigine hem kazyýetler üns bermelidirler.

Administratiw hukuk bozulma barada iş boýunça kararyň emläge ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak baradaky bölegi Türkmenistanyň AHBHK-nyň 590-njy maddasynyň 3-nji böleginde bellenilen möhletde ýerine ýetirilmedik halatynda, şol

kararyň nusgasynyň ýerine ýetirmek üçin "Ýerine ýetiriş önümçiligi we kazyýet ýerine ýetirijileriniň hukuk ýagdaýy hakynda" Türkmenistanyň Kanunynda göz öňünde tutulan ýerine ýetiriş önümçiligi tertibinde kazyýet ýerine ýetirijisine berilýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

46. Administratiw hukuk bozulmalary baradaky işlere seredilende, işe seretmäge ygtyýarly edara tarapyndan administratiw hukuk bozulmanyň edilmegine ýardam eden sebäpleri we şertleri anyklap, Türkmenistanyň AHBHK-nyň 550-nji we 551-nji maddalaryna laýyklykda, şol sebäpleri we şertleri aradan aýyrmak boýunça çäreleri görmek hakynda degişli kärhanalara, edaralara, guramalara we wezipeli adamlara teklipnama iberilýändigine hem-de hukuk bozuja administratiw temmisiniň berlendigi hakynda kararyň nusgasyny onuň işleýän, okaýan ýa-da ýaşaýan ýeriniň administrasiýasyna ýa-da jemgyýetçilik guramasyna ibermek arkaly olaryň dykgatyna ýetirilýändigine, görkezilen kärhanalaryň, edaralaryň, guramalaryň we wezipeli adamlaryň teklipnama gelip gowşan gününden beýläk bir aýyň dowamynda görlen çäreler barada kazyýete habar bermäge borçludyklaryna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Şunda, yzygiderli spirtli içgileri içmek we neşe serişdelerini, rsihotrop maddalaryň ýa-da düzüminde tramadol gidrohlorid ýa-da başga psihoaktiw maddalar bolan derman serişdelerini ulanmak bilen meşgul bolýanlar tarapyndan administratiw hukuk bozulmanyň edilýän ýagdaýlaryna kazyýetler aýratyn üns bermelidirler.

47. Türkmenistanyň AHBHK-nyň 585-nji maddasynda ýörite hukugy çäklendirmegiň möhletini gysgaltmagyň esaslarynyň we tertibiniň görkezilendigini hem-de bellenilen möhletiň azyndan ýarysy geçenden soň, diňe jemgyýetçilik guramasynyň, zähmetkeşler köpçüliklériniň haýyşnamasy esasynda agzalan hukugy çäklendirmegiň möhletini gysgaltmak baradaky meselä seredilip bilinýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Administratiw jogapkärçilige çekilen şahsyň hut özüniň haýyşnamasy boýunça agzalan meselä seretmeklik kanunda göz öňünde tutulan däldir.

48. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň degişli kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri administratiw hukuk bozulmalary barada seredilen işleri öwrenip, kazyýet iş tejribesini umumylaşdyryp durmalydyrlar we goýberilýän ýalňyşlyklary ýüze çykaryp, olary düzetmek boýunça wagtynda çäreleri görmelidirler, şeýle hem aşakda durýan kazyýetlere amaly kömek bermek işini yzygiderli alyp barmalydyrlar.

49. Şu Kararyň kabul edilmegi bilen, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumynyň 2010-njy ýylyň 20-nji maýyndaky "Administratiw hukuk bozulmalary hakyndaky kanunçylyk ulanylanda, kazyýet iş ýörelgelerinde ýüze çykýan käbir meseleler hakynda" №3 belgili Kararyny güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy G.Hallyýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy J.Açylow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

KARARY № 9

2020-nji ýylyň 17-nji oktýabry Aşgabat şäheri

Işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrmak kadalarynyň ulanylmagy bilen bagly kazyýet iş tejribesi hakynda

(18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Döwletiň ykdysady bazar gatnaşyklarynyň giňemegi, bu ugurda hukuk kadalarynyň kämilleşdirilmegini we telekeçilik işiniň döwrebap täzeçil düzgünleşdirilip guralmagyny talap edýär.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 134-nji maddasyna laýyklykda, döwletiň ykdysadyýeti bazar gatnaşyklary ýörelgelerine esaslanýar, döwlet telekeçiligi höweslendirýär we goldaýar, kiçi we orta işewürliginiň ösmegine ýardam edýär.

Işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrylmak hakyndaky kanunçylygyň birmeňzeş, dogry ulanylmagyny üpjün etmek maksady bilen we kazyýet iş tejribesinde ýüze çykan meseleler boýunça kazyýetlere düşündiriş bermegiň zerurdygy sebäpli "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Plenum

KARAR EDÝÄR:

1. Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 49-njy maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, ýuridik şahslar, sanawy kanun arkaly kesgitlenilen işleriň aýry-aýry görnüşlerini, diňe ýörite ygtyýarnama esasynda amala aşyrýarlar. Şolar ýaly işleri amala aşyrmak hukugy, degişli ygtyýarnamanyň alnan pursadyndan başlap ýüze çykýandygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Işiň käbir görnüşlerini ygtyýarlylandyrmak we ony amala aşyrmak bilen baglanyşykly ýüze çykýan hukuk gatnaşyklary „Işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrmak hakynda" Türkmenistanyň Kanunynda (mundan beýläk Kanun) kesgitlenendir.

Işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrmak hakynda kanunda bellenilen iş görnüşlerini fiziki şahslar we ýuridik şahslar hem ygtyýarlylandyryjy edara tarapyndan berlen ygtyýarnamanyň esasynda amala aşyrýarlar.

2. Ygtyýarlylandyrmak babatda döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, şeýle hem ygtyýarnama gözegçiligini amala aşyrýan Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi we işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrmagy amala aşyrýan ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary (mundan beýläk–ygtyýarlylandyryjy edaralar) tarapyndan amala aşyrylýar.

Işiň ygtyýarlylandyrylýan görnüşlerine amala aşyrylmagy raýatlaryň hukuklaryna, kanuny bähbitlerine, ahlagyna, ömrüne we saglygyna, döwletiň goranmak ukybyna we howpsuzlygyna, türkmen halkynyň medeni mirasyna, daşky gurşawa zyýan (zelel) ýetirip biljek we olary ygtyýarlylandyrmakdan başga usullar bilen döwlet tarapyndan düzgünleşdirip bolmaýan işiň görnüşleri degişlidir.

3. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň we ygtyýarnama gözegçiligi hem-de ygtyýarlylandyryjy edaralaryň ygtyýarlyklary Kanunyň 7-9-njy maddalarynda görkezilendir.

Ygtyýarnama her bir ygtyýarlandyrylan iş üçin aýratynlykda berilýär. Amala aşyrmak üçin ygtyýarnama alnan işiň görnüşi diňe ygtyýarnama alan şahs tarapyndan ýerine ýetirilip, beýleki bir tarapa berlip bilinmeýändigine we ygtyýarnamanyň hereketiniň kanuna bellenen tertibe laýyklykda amala aşyrylýandygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

4. Ygtyýarnamanyň hereket ediş möhleti, hünärmenlik hyzmatlaryň ýerine ýetirilmegi, telekeçilik işiniň görnüşi bolan bank işiniň amala aşyrylmagy möhlet bilen çäklendirilmeýärdigine, telekeçilik işiniň galan görnüşleriniň amala aşyrmak üçin üç ýyldan az bolmadyk möhletiň bellenendigine, ýöne spirtiň hem-de Türkmenistanda öndürilmeýän we haryt nyşany (söwda markasy) bolan ýokary hilli alkogolly önümlerini, şeýle hem temmäki önümlerini getirmek üçin - bir ýyldan artyk bolmadyk möhlete ygtyýarnamanyň berlip bilinýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

5. Kanunyň 22-nji maddasynda ygtyýarlylandyrylýan işiň görnüşleri kesgitlenendir. Işiň şol görnüşlerini ygtyýarlylandyrmagyň tertibi ýeke-täkdir we ygtyýarnamalary bermäge gatnaşýan ygtyýarlylandyryjy edaralaryň islegine görä üýtgedilip bilinmez. Işiň beýleki görnüşlerini ygtyýarlylandyrmagyň girizilmegi diňe Kanunda göz öňünde tutulan, amala aşyrmak üçin ygtyýarnamalar talap edilýän işiň görnüşleriniň Sanawyna goşmaçalary girizmek arkaly mümkindir.

Kanunyň 23-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan ýuridik şahslar döredilende we olaryň tertipnamalary tassyklananda, ýuridik şahsyň tertipnamasynda görkezilen iş görnüşlerini ygtyýarlylandyryjy edaradan ygtyýarnama almazdan ýerine ýetirip bilýändikleri göz öňünde tutulypdyr.

6. Kanunyň güýji ygtyýarlandyrylmagy ýörite pudaklaýyn kanunçylyga laýyklykda amala aşyrylýan işiň aýratyn görnüşlerine ýaýramaýar. Şeýle kanunlara, mysal üçin, "Uglewodorod serişdeleri hakynda" Türkmenistanyň Kanuny degişli bolup, onda nebit işlerini amala aşyrmaklyga ygtyýarnamalary bermegiň, olary gaýtadan resmileşdirmegiň, wagtlaýyn togtatmagyň, ýatyrmagyň tertibi düzgünleşdirilendir.

Şeýle-de, kanunyň düzgünleri intellektual eýeçiligiň obýektleri peýdalanylanda ýüze çykýan gatnaşyklara, hukuk tertibini, döwletiň goranmak ukybyny we howpsuzlygyny üpjün etmek bilen baglanyşykly ýöriteleşdirilen işe hem-de telekeçilik bolup durmaýan işe degişli däldir.

Gidrometeorologiýa, arhiw resmi namalarynyň beýan edilişi, saklanylyşy we täzeden dikeldilişi bilen baglanyşykly, awularyň öndürilmegi, gaýtadan işlenmegi, daşalmagy, satyn alynmagy, saklanylmagy, ýerlenilmegi, ulanylmagy we ýok edilmegi hem-de genetika we mikrobiologiýa ulgamy, şeýle hem genetik taýdan görnüşi üýtgedilen organizmler we ýokanç keselleri oýaryjylar bilen baglanyşykly

ygtyýarlylandyrmaga degişli däl we diňe ygtyýarly döwlet edaralary tarapyndan ýerine ýetirilmeli işler diýip kesgitlenendigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

7. Ygtyýarlylandyrmak hakyndaky Düzgünnama bilen ygtyýarnamaly tarapyndan Kanunyň 13-nji maddasynda göz öňünde tutulan ygtyýarnama bildirilýän talaplar we şertler gyşarnyksyz berjaý edilmelidir.

8. "Kärhanalar hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, kärhana işini ygtyýarnamasyz amala aşyrsa bellige alýan edaranyň, ygtyýarnama bermäge we gözegçilik wezipesini amala aşyrmaga ygtyýarly döwlet edaralarynyň hak islegi boýunça kazyýetiň karary esasynda kärhananyň işi bes edilip bilner.

Ygtyýarlylandyryjy edara öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde ygtyýarnamalynyň işiniň ýagdaýyny üýtgedýän çözgütleri kabul etmäge, ýagny ygtyýarnamaly tarapyndan ygtyýarnama talaplarynyň we şertleriniň birnäçe gezek bozulmalary ýa-da gödek bozulmagy ýüze çykarylan mahalynda ygtyýarnamanyň güýjüni wagtlaýyn togtatmaga haklydyr.

Işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrmak kadalarynyň ulanylmagy bilen bagly işlere seredilende Türkmenistanyň ykdysady işleriniň döwlet klassifikatorynda göz öňünde tutulan kadalaryna laýykdygyny anyklamagyň zerurlygy barada kazylaryň ünsüni çekmeli.

9. Kanunyň 14-nji maddasynyň 8-nji bendiniň 1-2-nji kiçi bentlerine laýyklykda, ygtyýarnamanyň dalaşgärinden ygtyýarnama almak hakynda arzanyň gelip gowşan senesinde arza beriji tarapyndan berlen resminamalarda doly däl we nädogry ýa-da şübheli maglumatlaryň bolmagy, şeýle hem işiň ygtyýarlylandyrylýan görnüşi amala aşyrylanda onuň peýdalanýan jaýlarynyň, desgalarynyň, enjamlarynyň, beýleki tehniki serişdeleriniň, ygtyýarnama talaplaryna we şertlerine laýyk gelmezliginiň ygtyýarnamany bermekden ýüz öwürmäge esas bolýandygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

10. Ygtyýarnamanyň hereketiniň aşakdaky ýagdaýlarda togtadylýandygyny, dikeldilýändigini, bes edilýändigini we ýatyrylýandygyny kazyýetlere düşündirmeli:

ygtyýarlylandyryjy edaralar özi tarapyndan, şeýle hem beýleki gözegçilik ediji edaralar tarapyndan öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde ygtyýarnamaly tarapyndan ygtyýarnama talaplarynyň we şertleriniň birnäçe gezek bozulmalary ýa-da gödek bir gezek bozulmagy ýüze çykarylan mahalynda ygtyýarnamanyň hereketi togtadyp bilner;

ygtyýarnamanyň hereketini togtatmak hakynda çözgüt kabul eden ygtyýarlylandyryjy edaralar ygtyýarnamanyň hereketiniň togtadylmagyna getiren bozulmalary düzetmek üçin ygtyýarnamala möhlet bellemäge borçly bolup, görkezilen möhlet üç aýdan az, alty aýdan köp bolmaly däldir, haçan-da ygtyýarnamaly görkezilen bozulmalary bellenen möhletde düzetmese, onda ygtyýarlandyryjy edara ygtyýarnamany ýatyrmak hakynda çözgüt kabul edip biler.

11. Ygtyýarnamanyň hereketiniň togtadylmagyna getiren bozulmalar düzedilenden soň, ygtyýarnamaly tarap ygtyýarnamanyň hereketini dikeltmek hakyndaky arzany ygtyýarlylandyryjy edara berýändigine, şunda ygtyýarnamanyň hereketini togtadan ygtyýarlandyryjy edaralary:

- arzany alandan soň, on iş gününiň dowamynda ygtyýarnamanyň hereketiniň togtadylmagyna getiren bozulmalaryň ygtyýarnamaly tarapyndan düzedilişine barlag geçirip;

- soňky üç iş gününiň dowamynda, barlagyň netijeleriniň esasynda ygtyýarnamanyň hereketini dikeltmek ýa-da dikeltmekden ýüz öwürmek hakynda çözgüt kabul edýär we bu hakda ygtyýarnamala ýazmaça görnüşde habar bermelidirler.

12. Kanunyň 17-nji maddasynyň 4-nji bendine laýyklykda ygtyýarnamany bermek hakyndaky çözgüdiň bikanunlygy ýüze çykarylan mahalynda kazyýetiň çözgüdi bilen ýatyrylýandygyna, şeýle-de ygtyýarnamaly tarapyndan ygtyýarnama talaplarynyň we şertleriniň bozulmagy raýatlaryň hukuklaryna, kanuny bähbitlerine, ahlagyna, ömrüne we saglygyna, döwletiň goranmak ukybyna we howpsuzlygyna, daşky gurşawa zyýan (zelel) ýetirse, şeýle hem ygtyýarnamaly görkezilen bozulmalary bellenen möhletde düzetmese, ygtyýarlylandyryjy edaralaryň çözgüdi bilen ýatyrlyp bilinýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

13. Ygtyýarnama aşakdaky halatlarda, ýagny ygtyýarnamanyň möhleti gutaranda, ygtyýarnama ýatyrylanda, ygtyýarnamaly ýuridik şahs ýatyrylanda, ygtyýarnamaly fiziki şahs hususy telekeçi hökmünde işini bes eden ýa-da aradan çykan ýagdaýynda, kazyýet tarapyndan fiziki şahs nam-nyşansyz giden diýip ýa-da ölen diýip ykrar edilende, fiziki şahsyň kämillik ukyby ýok ýa-da kämillik ukyby çäklendirilen diýlip ykrar edilende, ygtyýarnamalynyň arzasynyň esasynda ygtyýarnamanyň hereketini möhletinden öň bes etmek hakynda ygtyýarlylandyryjy edaralar tarapyndan çözgüt kabul edilen mahalynda ygtyýarnamanyň hukuk güýjüni ýitiren hasap edilýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

14. Ygtyýarnamany bermekden, ygtyýarnama goşmaça girizmekden, gaýtadan resmileşdirmekden, ygtyýarnamynyň hereketini uzaltmakdan, dikeltmekden, ygtyýarnamanyň öwezligini (dublikatyny) bermekden esassyz ýüz öwrülmegi ýa-da ygtyýarnamalynyň hukuklarynyň bozulmagy bilen dörän ýitgileriň öwezini dolmak bilen bagly jedelleriň Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertibe laýyklykda çözülmelidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

15. Ygtyýarnamaly tarap guramaçylyk-hukuk görnüşi, onuň ady, (pasport maglumatlary) hukuk salgysy ýa-da ygtyýarlandyrylýan işiň görnüşiniň amala aşyrylýan hakyky ýerleşýän ýeri üýtgän mahalynda ygtyýarnamany gaýtadan resmileşdirmek hakynda arza bermäge borçludyr.

Ygtyýarnama ýuridik şahsyň hukuk oruntutaryna gaýtadan resmileşdirilýän ýagdaýynda, arza hukuk oruntutary tarapyndan berilýär. Ygtyýarnamaly tarap resminama degişli üýtgetme girizilenden başlap, otuz senenama gününiň dowamynda ygtyýarlylandyryjy edara arza bermelidir. Ygtyýarnamany gaýtadan resmileşdirmek on senenama gününiň dowamynda amala aşyrylmalydyr. Ygtyýarnamaly tarap doly däl ýa-da nädogry, şeýle hem şübheli maglumatlary beren halatynda ygtyýarnama gaýtadan resmileşdirilmeýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

16. Ygtyýarnamanyň berilmegi, ygtyýarnama goşmaçanyň girizilmegi (kanunçylygyň üýtgändigi üçin girizilýän goşmaçalardan başga), ygtyýarnamanyň gaýtadan resmileşdirilmegi, ygtyýarnamanyň öwezliginiň (dublikatynyň) berilmegi üçin, möçberi Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen döwlet pajy tölenilýär.

Ygtyýarlylandyryjy edaralar fiziki we ýuridik şahslar tarapyndan ygtyýarlylandyrylmaga degişli işiň ygtyýarnamasyz amala aşyrylmagyndan alnan peýdany Türkmenistanyň Merkezleşdirilen býujetiniň girdejisine almak hakynda kazyýete hak isleýiş arzasy bilen ýüz tutan halatlarynda, döwlet pajyny tölemekden boşadylýarlar.

17. Ygtyýarlylandyrylmaga degişli işiň fiziki we ýuridik şahslar tarapyndan ygtyýarnamasyz amala aşyrylmagy ýa-da olar tarapyndan ygtyýarlylandyryjy edaranyň ygtyýarnamanyň hereketini togtatmak hakynda çözgüdiniň bozulmagy Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilige eltýär. Şeýle işden alnan peýda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde Türkmenistanyň Merkezleşdirlen býujetiniň girdejisine alynmaga degişlidir.

18. Ygtyýarnamasyz işiň amala aşyrylmagy bilen bagly jedellere seredilende, fiziki we ýuridik şahsyň hereketlerinde administratiw ýa-da jenaýat (Türkmenistanyň AHBHK-nyň 280-nji mad. ýa-da Türkmenistanyň JK-nyň 260-njy mad.) alamaty baradaky mesele çözülende, şol işiň görnüşini ýerine ýetirmek üçin (sanawy kanunçylykda kesgitlenen) hökmany ýörite ygtyýarnamanyň talap edilýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

19. Kazyýetler tarapyndan işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrmak bilen bagly jedellere seredilip, degişli çözgütler kabul edilende edaralaryň, kärhanalaryň, guramalaryň we aýry-aýry wezipeli adamlar tarapyndan kanunçylygyň bozulandygy anyklanan halatynda, ýol berlen ol kemçiliklere degişli ýolbaşçylaryň ünsleri çekilmelidir.

20. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň degişli kazyýet kollegiýalary, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri “Işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrmak hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň talaplaryny dogry ulanmak bilen birlikde, kazyýetlerde seredilýän şu görnüşli işleri yzygiderli öwrenip iş tejribesini umumylaşdyrmalydyrlar we ýol berilýän kemçilikleri aradan aýyrmak barada işjeň çäreleri geçirmelidirler.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy G.Hallyýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy J.Açylow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

KARARY № 10

2020-nji ýylyň 17-nji oktýabry Aşgabat şäheri

Jenaýat netijesinde ýetirilen maddy zyýany töletmek baradaky kazyýet kararlarynyň ýerine ýetirilmegini düzgünleşdirýän kanunçylygyň ulanylmagy bilen bagly kazyýet iş tejribesi hakynda

(18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Eýeçilige garşy jenaýatlar baradaky işlere seredilende, günäkäre kanun esasynda jezanyň bellenilmegi bilen bir hatarda, jenaýat netijesinde ýetirilen maddy zyýany töletmek baradaky meseläniň dogry çözülip, onuň hakykat ýüzünde tölenilmeginiň, üpjün edilmeginiň hem uly terbiýeçilik ähmiýeti bardyr.

Jenaýat netijesinde ýetirilen maddy zyýany öz wagtynda töletmek mümkinçiligi anyklaýyş we derňew edaralary, şeýle hem kazyýet tarapyndan iş ýöredişi kanunçylygynyň talaplaryna laýyklykda, günäkäriň emlägini ýüze çykarmak we gozgamasyz etmek işleriniň öz wagtynda guralmagyny, amala aşyrylmagyny talap edýär. Bergidarlaryň emlägini öz wagtynda ýüze çykaryp, ýetirilen maddy zyýany töletmek işini guramak we wagtynda amala aşyrmak kazyýet edaralarynyň kazyýet ýerine ýetirijileriniň hem esasy wezipesi bolup, olaryň bu hereketleri amala aşyranda, "Ýerine ýetiriş önümçiligi we kazyýet ýerine ýetirijileriniň hukuk ýagdaýy hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň (mundan beýläk Kanun) talaplaryny gyşarnyksyz berjaý etmekleri möhümdir.

Beýan edilenlerden ugur alyp, şeýle hem jenaýat netijesinde ýetirilen maddy zyýany töletmek bilen bagly kazyýet kararlary ýerine ýetirilende ýüze çykýan käbir meselelere kazyýetleriň ünsüni çekmek maksady bilen, "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendini gollanyp, Plenum

KARAR EDÝÄR:

1. Eýeçilige garşy jenaýatlar barasynda alnyp barylýan göreşiň netijeli bolmagy üçin, günäkäre kanun esasynda jezanyň bellenilmegi bilen bir hatarda, jenaýat netijesinde ýetirilen maddy zyýanyň öz wagtynda we doly tölenmeginiň üpjün edilmegi zerur bolup, maddy zyýany töletmek bilen bagly kazyýet kararlarynyň ýerine ýetirilişine gözegçiliginň güýçlendirilmelidigine we bu ugurda alnyp barylýan işleriň netijeliliginiň ýokarlandyrylmalydygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

2. Aýyplanýanyň işi boýunça kazyýet seljerişini bellemek baradaky meseläni çözen mahalynda kazy, serenjam mejlisinde bolsa kazyýet, Türkmenistanyň Jenaýat iş ýöredişi kodeksiniň (mundan beýläk TJIÝK-nyň) 337-nji maddasynda göz öňünde tutulyşy ýaly, her bir aýyplanýan barada derňew edaralary tarapyndan, jenaýat

netijesinde ýetirilen maddy zyýanyň öweziniň dolmagyny we mümkin boljak emlägiň muzdsuz alynmagyny üpjün edýän çäreleriň görlendigini-görülmändigini we raýat hak islegini üpjün etmek üçin gozgamasyz edilen emlägiň ýetirilen maddy zyýany tölemeklige ýeterlikdigini aýdyňlaşdyrmalydyr, eger-de olar tarapyndan şeýle çäreleriň görülmegi doly üpjün edilmedik bolsa, ol çäreleriň görülmegi kazy ýa-da kazyýet tarapyndan kanunda bellenen tertipde amala aşyrylmalydyr.

Anyklaýjy, sülçi ýa-da prokuror tarapyndan jenaýat netijesinde ýetirilen zyýanyň öwezini dolmagy we emlägiň mümkin boljak muzdsuz alynmagyny üpjün edýän çäreler görülmedik mahalynda, eger şeýle çäreler gönüden-göni kazyýet tarapyndan görlüp bilinmejek bolsa, onda kazy ýa-da kazyýet olary üpjün edýän zerur çäreleri görmäge degişli jenaýat yzarlaýyş edaralaryny borçly edip biler (TJIÝK-nyň 344-nji maddasy).

3. Jenaýat netijesinde ýetirilen maddy zyýanyň öz wagtynda we doly tölenmegini üpjün etmek maksady bilen, derňew edaralary tarapyndan, şeýle-de, olaryň ýazga alyp gozgamasyz eden emläkleriniň ýetirilen maddy zyýany tölemek üçin ýeterlik bolmadyk halatynda, kazyýetler we olaryň kazyýet ýerine ýetirijileri tarapyndan, aýratyn-da döwlete we döwlet edara-kärhanalaryna ýetirilen uly we aýratyn uly möçberdäki maddy zyýany töletmek bilen bagly işler boýunça, bergidarlaryň emlägini ýüze çykarmak üçin, şu aşakdaky çäreleriň görülmegini maksada laýyk diýip hasap etmeli, ýagny olar:

a) bergidaryň we onuň maşgala agzalarynyň ýaşaýan salgysy boýunça olaryň emläk ýagdaýyny barlamak we degişli guramalardan we raýatlardan olara degişli emläkleriň we gymmatlyklaryň bardygyny anyklamak;

b) degişli banklardan bergidaryň we onuň maşgala agzalarynyň adyna goýumlaryň we gymmatlyklaryň bardygy ýa-da ýokdugy hakynda maglumatlary almak;

ç) bergidaryň işleýän we işlän ýerindäki buhgalteriýasynda onuň alynmadyk aýlyk gazanjynyň, töleg tölenmäge degişli sylaglaryň we başga tölegleriň bardygyny ýa-da ýokdugyny anyklamak;

d) bergidara we onuň maşgala agzalaryna degişli we saklamak üçin berlen ýa-da girewe goýlan emlägiň saklanýan ýerini anyklamak;

e) degişli häkimliklerden, geňeşliklerden, ýaşaýyş jaý edaralaryndan, Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gullugyndan we tehniki-tükelleýiş edaralaryndan bergidaryň we onuň maşgala agzalarynyň atlaryna resmileşdirilen garažlaryň, kömekçi hojalyk jaýlarynyň, ýazlag jaýlarynyň, ýaşaýyş jaýlarynyň we öýleriniň bardygyny ýa-da ýokdugyny anyklamak;

ä) polisiýanyň degişli gullugyndan we oba hyzmat edarasyndan bergidaryň we onuň maşgala agzalarynyň atlaryna awtomotoulaglaryň, traktorlaryň we beýleki tehnikalaryň bardygyny ýa-da ýokdugyny anyklamak;

f) degişli garaž-gurluşyk, ýaşaýyş jaý-gurluşyk we ýazlag jaý-gurluşyk kooperatiwlerinden bergidaryň we onuň maşgala agzalarynyň paýlarynyň bardygyny anyklamak;

g) degişli edaralardan we guramalardan bergidaryň we onuň maşgala agzalarynyň atlaryna resmileşdirilen, suwda ýüzmek üçin ulanylýan gaýygyň, kateriň, ýahtanyň we beýleki serişdeleriniň bardygyny anyklamak;

h) notarial edaralaryndan, biržalardan we beýleki edaralardan bergidaryň we onuň maşgala agzalarynyň adyndan baglaşylan we resmileşdirilen şertnamalar boýunça alan emläkleriniň bardygyny, miras geçen ýa-da miras kabul edilmedik emlägiň bardygyny anyklamak;

i) degişli salgyt gullugyndan bergidaryň we onuň maşgala agzalarynyň hususy kärhanalarynyň, dükanlarynyň bardygyny, patent esasynda belli bir işleri alyp barýandygyny ýa-da telekeçi hökmünde hasapda duryandygyny anyklamak;

j) degişli ministrliklerden, häkimliklerden, geňeşliklerden we daýhan birleşiklerden bergidara we onuň maşgala agzalaryna degişli hususy mallarynyň, atlarynyň, kärende ýerleriniň bardygyny, girdeji alýandyklaryny anyklamak;

ž) bergidaryň we onuň maşgala agzalarynyň beýleki adamlarda pul serişdeleriniň we başga emläkleriniň, şol sanda algylarynyň bardygyny-ýokdugyny barlamak, eger-de bar bolsa, olarda bergidaryň näçe möçberde we nähili emläkleriniň hem-de olaryň bergidara we onuň maşgala agzalaryna näçe möçberde, näme esasynda we haýsy möhletde bermäge borçlanandyklaryny anyklamak we kanunçylygyň çäginde beýleki ýerine ýetiriş çäreleri görmelidirler.

Bergidaryň we onuň maşgala agzalarynyň emläkleriniň we beýleki gymmatlyklarynyň bardygy anyklanan halatynda, olary gozgamasyz etmek baradaky meseläniň kanunda bellenen tertipde çözülmegi üpjün edilmelidir.

Bergidara degişli gozgamasyz edilen azyk önümleri we çalt zaýalanýan başga zatlar haýal edilmän alynmalydyr we bellenen tertipde ýerlemek üçin degişli söwda edarasyna berilmelidir (Kanunyň 85-nji maddasynyň 3-nji bendi).

Bergidaryň maşgala agzalarynyň adyna resmileşdirilen emläkleri gozgamasyz etmek baradaky mesele çözülende, şol emläkleriň bergidar tarapyndan ýa-da onuň maşgala agzalary bilen umumy girdejileriniň hasabyna, şol sanda jenaýat ýoly bilen gazanylan pul serişdeleriň ýa-da emläkleriň hasabyna edinilen bolmagynyň mümkindigi içgin öwrenilmelidir.

Bergidaryň (iş kesileniň) maşgala agzalary diýlip, maşgala gatnaşyklaryna esaslanan hukuklary we borçlary bolan adamlara (äri we aýaly, olaryň çagalary we ata-enesi, şeýle hem olar bilen bile ýaşaýan beýleki maşgala agzalary) düşünilýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli (Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 1-nji maddasynyň birinji böleginiň 31-nji bendi).

Eger-de bergidarda bergini üzmek üçin ýeterlik pul serişdeleri ýa-da emläkleri ýok bolup, onuň beýleki adamlar bilen umumy emläginiň bardygy anyklansa, onda tölegiň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda onuň şol emläkdäki paýyndan tutulyp alnyp bilinýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

Türkmenistanyň JIÝK-nyň 428-nji maddasyna laýyklykda, kazyýet aýyplaw hökümini çykaranda, maddy zyýany töletmek baradaky mesele boýunça jebir çekeniň raýat kazyýet önümçiligi tertibinde kazyýete ýüz tutmaga hukugynyň bardygyny düşündirýär, maddy zyýany töletmek hakynda kazyýete ýüz tutulyp, ol işe raýat kazyýet önümçiligi tertibinde seretmegiň dowamynda, jenaýat netijesinde ýetirilen maddy zyýanyň öweziniň dolunmagyny üpjün etmek boýunça öň zerur çäreleriň doly

görülmändigi anyklanan ýagdaýynda hem kazyýet bergidaryň emlägini ýüze çykarmak we gozgamasyz etmek boýunça ýokarda görkezilen hak islegi üpjün edýän mejbury çäreleri görüp biler.

4. Jenaýat netijesinde ýetirilen maddy zyýany töletmek üçin raýat hak islegini üpjün etmek boýunça çäreleri görenlerinde kazyýetler kazyýet ýerine ýetirijileri tarapyndan Kanunyň talaplarynyň berk berjaý edilmegini üpjün etmelidirler. Şunuň bilen baglylykda, emlägiň ýazgysy geçirilende, degişli ykrarnamada ýazga girizilen her bir emlägiň atlarynyň, onuň tapawutlandyryjy alamatlarynyň (agramy, ölçegi, kysymy, ulanyş derejesi we ş.m.), şeýle hem her bir zadyň aýratynlykda bahasynyň we ähli emlägiň bahasynyň görkezilmelidigine, emlägi saklamaga bermek meselesi çözülende bolsa, bu hereketleriň kanunda bellenen tertibe laýyklykda düzgünleşdirilip, emläk saklamaga berlen adamlaryň, emlägiň harç edilendigi, aýrybaşgalanandygy ýa-da gizlenendigi üçin kanunda bellenen jogapkärçiligi barada duýdurylmalydygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli (Kanunyň 75-nji, 76-njy we 80-nji maddalary).

Gozgamasyz edilen emläkleriň aýawly we abat saklanyşyna kazyýetler yzygiderli gözegçilik alyp barmalydyrlar.

5. Jenaýat netijesinde ýetirilen maddy zyýany töletmek baradaky kazyýet kararlary, kanuny güýjüne girenden soň ýa-da olaryň öňküliginde galdyrylyp, iş nägilelik basgançakly kazyýetden gaýdyp gelenden soň ýerine ýetiriş namanyň üç günden gijä goýulman ýazylmalydygyny, döwlete, döwlet edara-kärhanalaryna we beýleki ýuridik şahslara ýetirilen maddy zyýany töletmek baradaky kazyýet kararlary boýunça bolsa ýerine ýetiriş namanyň kanselýaryýanyň üsti bilen kazyýet ýerine ýetirijisine öz wagtynda berilmeginiň üpjün edilmelidigini kazyýetlere düşündirmeli (Kanunyň 26-njy maddasy).

6. Jenaýat netijesinde ýetirilen maddy zyýany töletmek hakyndaky her bir kazyýet karary boýunça berilýän ýerine ýetiriş namanyň mazmuny we ony bermegiň tertibi Kanunyň 7-nji maddasynda we 26-njy maddasynyň 3-nji we 4-nji bentlerinde görkezilendir.

Jenaýat netijesinde ýetirilen maddy zyýany bergidaryň emläginden tutup töletmek baradaky ýerine ýetiriş resminamasy berlende, onuň ýanyna hökmany suratda ýetirilen maddy zyýany hakykat ýüzünde töletmek boýunça görlen çäreler baradaky resminamalar (bergidaryň emläginiň saklanýan ýeri görkezilip, geçirilen ýazgynyň nusgasy, bergidaryň bankdaky pul serişdeleriniň gozgamasyz edilendigi barada kepilnama, maddy subutnama hatarynda gozgamasyz edilen pullar we başga gymmatlyklar we olaryň saklanýan ýerleri barada maglumatlar we ş.m.) hem goşulmalydyr.

Eger-de bergidaryň ýazga alnan emlägi ýetirilen maddy zyýany doly tölemek üçin ýeterlik bolmasa, kazyýet Kanunyň 101-nji we 102-nji maddalaryndan ugur alyp, bergidaryň iş ýeri ýa-da jezasyny çekýän ýeri boýunça zähmet hakyndan tutum tutmak üçin ikinji ýerine ýetiriş namany hem bermelidir. Şunda bergidaryň zähmet hakyndan tutum tutmak hakyndaky ýerine ýetiriş namanyň ugradyş hatynda, Kanunyň talaplaryny göz öňünde tutmak bilen, bergidardan her aýda tutulmaly tutumyň möçberi görkezilmelidir, ýetirilen maddy zyýany bergidaryň emlägine gönükdirmek hakyndaky ýerine ýetiriş namanyň ugradyş hatynda bolsa ýerine ýetiriş namanyň bergidaryň emläginden tutum tutmak üçin iberilýändigi görkezilmelidir.

7. Maddy zyýany töletmeklik birnäçe bergidaryň üstüne raýdaşlyk tertibinde ýüklenen halatynda, ýetirlen maddy zyýany töletmek hakyndaky kazyýetiň karary esasynda her bir raýdaş bergidar barada aýratyn ýerine ýetiriş namasy ýazylmalydyr we olar boýunça birleşdiriji ýerine ýetiriş önümçiligi hökümi ýa-da çözgüdi çykaran kazyýet tarapyndan alnyp barylmalydyr. Jenaýat netijesinde ýetirilen maddy zyýany töletmek hakyndaky ýerine ýetiriş namasy, çäk degişliligi boýunça beýleki kazyýetlere ýerine ýetirmek üçin iberilen ýagdaýynda, şol kazyýet ýerine ýetirilişiň gidişi we töleglériň möçberi barada hökümi ýa-da çözgüdi çykaran kazyýete her çärýekde, soramagy boýunça bolsa her aýda habar bermelidir.

Jenaýat netijesinde ýetirilen maddy zyýany raýdaşlyk tertibinde töletmek hakyndaky kazyýet kararlarynyň esasynda alnyp barylýan ýerine ýetiriş önümçilikleriniň, maddy zyýan doly tölenýänçä, ähli iş kesilenler (bergidarlar) barasynda hereketde bolmalydygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

8. Gozgamasyz edilen emlägi ýerlemek baradaky mesele çözülende, kazyýet ýerine ýetirijileri tarapyndan Kanunyň 82-nji, 85-nji we 86-njy maddalarynyň talaplarynyň berk berjaý edilmelidigine we emläkleri ýerlemekliginiň diňe söwda edaralarynyň we beýleki ýöriteleşdirilen edaralarynyň üsti bilen, gozgalmaýan emläk barada bolsa, jemagat söwdasyny geçirmek arkaly amala aşyrylyp bilinýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Gozgamasyz edilen emlägi ýerlemek baradaky meseläni çözende, kazyýet ýerine ýetirijisi, ilki bilen, emlägi haýsy söwda edarasynyň üsti bilen we näçe bahadan ýerlenilmeli boljakdygyny anyklamalydyr we bu meseläniň çözülmegi, ýerine ýetiriş önümçiliginiň taraplarynyň bähbitlerine degýändigi sebäpli, Kanunyň 17-nji maddasynyň talaplaryndan ugur alyp, karar çykarmak arkaly çözmelidir. Kararyň nusgasy ýerine ýetiriş önümçiliginiň taraplaryna maglumat üçin, degişli söwda edarasyna bolsa ýerine ýetirmek üçin iberilmelidir, şeýle-de söwda edarasyna ýerlenilmeli emläk bellenen tertipde ykrarnama düzmek arkaly tabşyrylmalydyr.

Kanunyň 88-nji maddasyna laýyklykda, ýerine ýetiriş önümçiligi boýunça karar çykaran kazyýet ýerine ýetirijileriniň we kazylaryň, degişli müdirliginiň we bölümleriň işgärleriniň, şeýle hem olaryň maşgala agzalarynyň we ýakyn garyndaşlarynyň söwdalara gatnaşyp bilmeýändiklerine hem üns berilmelidir.

9. Bergidaryň emlägine baha kesmeklik amala aşyrylanda, kazyýet ýerine ýetirijisi tarapyndan, Kanunyň 78-nji maddasynyň talaplaryndan ugur alnyp, emlägiň bazar bahasy we hakykat ýüzündäki ulanylan derejesi hem nazara alynmalydyr. Eger aýry-aýry zatlara baha kesmek kyn bolsa ýa-da bergidar ýa-da algydar kazyýet ýerine ýetirijisi tarapyndan geçirilen baha kesmek bilen razylaşmasalar, kazyýet ýerine ýetirijisi emlägiň bahasyny kesgitlemek üçin bilermeni (hünärmeni) belläp biler. Walýuta gymmatlyklaryna, zergärçilik hem-de gymmat bahaly metallardan we gymmat bahaly daşlardan ýasalan beýleki önümlere, antikwariat, suratkeşlik we heýkeltaraşlyk eserlerine, gymmat bahaly kagyzlara we gozgalmaýan emläge baha kesgitlenende, bilermeniň (hünärmeniň) bellenilmeginiň hökmanydygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

10. Gozgamasyz edilen emlägi almak we ony ýerlemek üçin bermek kazyýet ýerine ýetirijisi tarapyndan kesgitlenen möhletde geçirilýär, ýöne munuň özi emläk gozgamasyz edilenden azyndan bäş günden soň we bir aýdan gijä galman

geçirilmelidir. Kanunyň 85-nji maddasyna laýyklykda, bergidar şol möhlet geçmezden öň, kazyýet ýerine ýetirijisiniň gözegçiligi astynda emlägi gozgamasyz etmek hakyndaky kararda görkezilen bahadan pes bolmadyk baha bilen ýerlemäge haklydyr. Şoňa görä-de, kazyýet ýerine ýetirijisi bergidara bu hukugyny düşündirmelidir.

11. Emlägi ýerlemegiň görnüşlerini saýlamak emlägiň görnüşini we algydaryň hem-de bergidaryň pikirlerini göz öňünde tutmak bilen, kazyýet ýerine ýetirijisi tarapyndan kesgitlenilýär. Eger bergidaryň emlägi söwda edarasyna berlen gününden bir aý möhletde ýerlenilmedik bolsa, bu emläge algydaryň, bergidaryň ýa-da söwda edarasynyň talap etmegi boýunça täzeden baha kesilip bilner, ýöne munuň özi algydar ýerlenilmedik emlägi özünde galdyrmakdan ýüz dönderende şeýle edilip bilner.

Emläge täzeden baha kesmek söwda edarasynyň wekiliniň gatnaşmagynda kazyýet ýerine ýetirijisi tarapyndan, Kanunyň 78-nji maddasynyň talaplaryny berjaý etmek arkaly geçirilýär. Täzeden baha kesiljek wagty we ýeri hakynda algydara we bergidara habar berilýär, ýöne olaryň gelmezligi emläge täzeden baha kesmek hakyndaky meseläni çözmek üçin päsgelçilik bolup bilmez. Şeýle halatda emläge täzeden baha kesilendigi hakynda algydara we bergidara habar berilmelidir.

Eger emläge täzeden baha kesgitlenenden soň, emläk iki aý möhletde ýerlenilmese, onda bu emlägi onuň täze bahasy boýunça almak algydara teklip edilýär. Algydar teklibi alan pursatyndan bäş gün möhletde kazyýet ýerine ýetirijisine özüniň jogabyny bermelidir. Algydar algysynyň hasabyna görkezilen emlägi almaga razylyk beren halatynda, kazyýet ýerine ýetirijisi ol barada karar çykarýar we onuň yz ýanyndaky günden gijä goýman kararyň nusgasyny ýerine ýetiriş önümçiliginiň taraplaryna iberýär. Bergidaryň emlägi algydara berlende, ol barada kabul ediş-tabşyryş ykrarnamasy düzülýär we berlen emlägiň soňky bahasynyň möçberinde algydaryň algysyny alandygy barada ýerine ýetiriş resminamasynda kazyýet ýerine ýetirijisi tarapyndan bellik edilýär.

Eger-de algydar görkezilen emlägi almakdan ýüz dönderen ýa-da algydardan jogap alynmadyk halatynda, ol emläk bergidara gaýtarylyp berilýär we eger bergidarda töleg tutup alnyp bilinjek başga emläk ýa-da girdeji bolmasa, onda ýerine ýetiriş resminamasy algydara gaýtarylyp berilýär (Kanunyň 85-nji maddasy).

12. Kanunyň 86-njy maddasyna laýyklykda, gozgalmaýan emlägi ýerlemeklik, Kanunyň 87-89-njy maddalarynyň talaplary berjaý edilip, jemagat öňünde söwda geçirmek arkaly amala aşyrylýar. Kanunyň bu talabynyň doly we dogry berjaý edilmezligi jemagat öňünde geçirilen söwdany geçirilmedik diýlip yglan etmäge ýa-da ony hakyky däl diýip hasap etmäge esas bolup biler (Kanunyň 90-njy we 92-nji maddalary).

13. Söwda geçirilmedik diýlip ykrar edilen halatynda, algydaryň emlägi ilkibaşky bahasynyň ýigrimi göterim azaldylan bahasyndan özünde galdyrmaga hukugy bardyr. Algydar emlägi özünde galdyrmakdan ýüz dönderen halatynda kazyýet ýerine ýetirijisi Kanunda bellenen kadalary berjaý etmek bilen gaýtadan jemagat söwdasyny geçirmegi belleýär. Şunda gaýtadan söwda üçin emläge kesgitlenen baha, haçan-da gatnaşyjylaryň biri yglan edilen baha boýunça emlägi satyn almaga razy bolan pursadyna çenli aşakladylyp bilner, ýöne ol söwda goýlan emlägiň ilkibaşky bahasynyň elli göteriminden pes bolmaly däldir.

Gaýtadan söwda geçirilmedik diýlip ykrar edilen halatynda, emläk soňky yglan edilen baha boýunça algydara hödürlenilýär, algydar emlägi algysynyň hasabyna kabul etmekden ýüz dönderen ýagdaýynda bolsa, şol bergidara gaýtarylyp berilýär we Kanunda göz öňünde tutulan esaslarda ýerine ýetiriş önümçiligi bes edilip, emläk gozgamasyz etmekden boşadylýar (Kanunyň 91-nji maddasy).

14. Kanunyň 85-nji we 91-nji maddalarynda göz öňünde tutulan kada laýyklykda, ýerlenmedik emlägiň öň, algydaryň ony özünde galdyrmak islemändigi sebäpli gozgamasyz etmekden boşadylyp, bergidara gaýtarylan bolmagy, haçan-da algydar algysynyň alnyp berilmegi barada arza bilen kazyýete täzeden ýüz tutup, ýerine ýetiriş resminamany beren halatynda (Kanunyň 60-njy maddasynyň 2-nji bölegi), ýerlenilmändigi sebäpli gozgamasyz etmekden boşadylan şol emlägiň täzeden ýazga alyp, gozgamasyz edilmegine we jenaýat netijesinde ýetirilen maddy zyýanyň tölenilmegine gönükdirilmegine päsgelçilik bolup bilmeýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

15. Söwda edaralary tarapyndan bergidaryň alnan emlägini ýerlemekden düşen pullary, şol emläk satylandan soň üç gün möhletde kazyýetiň depozit hasabyna geçirilmelidir. Bergidardan alnan emlägi ýerlemekden düşen pul möçberlerinden söwda edaralarynyň Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda kesgitlenilen möçberde komission ýygymyny tutup alyp galyp bilýändigini kazyýetlere düşündirmeli (Kanunyň 82-nji maddasy).

16. Kazyýetler kazyýet ýerine ýetirijileriniň, jenaýat netijesinde ýetirilen maddy zyýany töletmek boýunça alyp barýan işlerine, şol sanda şu görnüşli beýleki kazyýetlerden gelip gowşan ýerine ýetiriş namalaryň ýerine ýetirişlerine gözegçiligi yzygiderli alyp barmalydyrlar we ýerine ýetirişiň dowamynda ýüze çykýan meseleleri çözmekde olara tejribe kömegini bermelidirler hem-de olar tarapyndan ýerine ýetiriş hereketleriniň Kanunynyň talaplaryna laýyklykda alnyp barylmagyny üpjün etmelidirler.

17. Kazyýetiň hökümi bilen emlägi muzdsuz almak bilen bir hatarda iş kesilen bergidara, jenaýat netijesinde ýetirilen maddy zyýany töletmek borjy ýüklenen bolsa, hökümiň ýetirilen zyýany töletmek baradaky bölegi ýerine ýetirilende, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumynyň 2019-njy ýylyň 17-nji awgustyndaky "Ýerine ýetiriş önümçiliginiň dowamynda ýüze çykýan käbir meseleler boýunça kanunçylygynyň ulanylyşy hakynda" 6-njy belgili kararynyň 20-nji bendinde berlen düşündirişlerden ugur alynmalydygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli, oňa laýyklykda, muzdsuz alynmaly edilen emläkler, ilki bilen maddy zyýany töletmek bilen bagly degişli talaplaryň kanagatlandyrylmagyna gönükdirilmelidir.

18. Jenaýat netijesinde ýetirilen maddy zyýanyň öz wagtynda doly tölenmegine, raýat iş önümçiligi tertibinde üçünji şahslar tarapyndan bildirilen, emlägi ýazgydan boşatmak hakyndaky hak islegi boýunça işleriň öz wagtynda we dogry çözülmegine hem bagly bolup, şol işleriň, süýrenjeňlige salynman, kanunda bellenen möhletde seredilmeginiň üpjün edilmelidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

19. Jenaýat netijesinde ýetirilen maddy zyýany töletmek boýunça kazyýet kararlarynyň ýerine ýetiriliş ýagdaýyny kazyýetler yzygiderli öwrenip, ýüze çykarylan, kazyýet ýerine ýetirijileriniň işine päsgel berýän ýagdaýlaryň aradan aýrylmagy üçin degişli çäreleri görmelidirler.

Kazyýet ýerine ýetirijileri tarapyndan bergidarlaryň emläk ýagdaýyny barlamak barada, şol sanda bergidaryň emläginiň ýokdugy we onuň bergini tölemäge ýagdaýsyzdygy barada düzülen ykrarnamalara girizilen maglumatlaryň doludygyna we esaslydygyna kazyýetler yzygiderli seljerme geçirmelidirler.

Jenaýat netijesinde ýetirilen maddy zyýany, şol sanda döwlete we döwlet edara-kärhanalaryna ýetirilen uly we aýratyn uly möçberdäki zyýany töletmek bilen bagly kazyýet kararlarynyň ýerine ýetirmeginde ýüze çykan bökdençligi (mysal üçin, maddy zyýan uzak wagtlap tölenmeýär, ýa-da bergidar emläginі gizleýär, ýa-da onuň emläginiň başga şahslarda saklanýan bolmagy mümkin diýlip netijä gelinende we ş.m. ýagdaýlarda) aradan aýyrmak maksady bilen, kazyýet ýerine ýetirijileriniň bu ugurda alyp barýan işleriniň salgyt gullugy we beýleki degişli gyzyklanýan edaralaryň wekilleriniň, şol sanda algydarlaryň ýa-da olaryň wekilleriniň gatnaşmaklarynda amala aşyrylmagynyň maksada laýykdygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

20. Kazyýetler, jenaýat netijesinde ýetirilen maddy zyýany töletmek boýunça kazyýet ýerine ýetirijileriniň alyp barýan işlerinde höweslendiriş çäreleriniň ulanylmagyna hem aýratyn üns bermelidirler we bergidaryň emläginі ýüze çykaryp, maddy zyýanyň tölenmegini üpjün edip, has tapawutlanan kazyýet ýerine ýetirijisiniň işiniň öwrenilip, Kanunyň 116-njy maddasynda bellenen tertibe laýyklykda olary sylaglamak baradaky meseläni çözmelidirler.

21. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat, döwlet ähmiýetli we welaýat hukukly şäher kazyýetleri hem-de etrap we etrap hukukly şäher kazyýetleri özleriniň birinji basgançakda sereden işleri boýunça çykaran, jenaýat netijesinde ýetirlen maddy zyýany töletmek hakyndaky kazyýet kararlarynyň ýerine ýetirilişine yzygiderli gözegçilik alyp barmak bilen, ýerine ýetiriş önümçilikleriniň haýsy çäk degişlilikde alnyp barylýandygyna garamazdan, olaryň ýerine ýetiriliş ýagdaýyndan habarly bolup, kazyýet kararlarynyň öz wagtynda we doly ýerine ýetirilmegini üpjün etmek boýunça degişli işleri yzygiderli alyp barmalydyrlar we kazyýet ýerine ýetirijilerine tejribe we amaly kömekleri bermek, şol sanda okuwlary guramak arkaly olaryň işiniň netijeliligini gazanmalydyrlar.

22. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň degişli kazyýet kollegiýalary, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri, degişlilikde etrap kazyýetleriniň we etrap hukukly şäher kazyýetleriniň işlerini öwrenip, olaryň işleriniň umumy ýagdaýyna baha berenlerinde, şol kazyýetleriň kazyýet ýerine ýetirijileriniň, jenaýat netijesinde ýetirilen maddy zyýany töletmek boýunça alyp baran işleriniň netijeliligini hem nazara almalydyrlar we kazyýet ýerine ýetirijileriniň bu ugurda alyp barýan işiniň her bir barlagynyň netijesini, olaryň we kazylaryň gatnaşmaklarynda ara alyp maslahatlaşylmagyny guramalydyrlar, şunda kazyýet ýerine ýetirijileriniň işlerindäki oňyn tejribäni ulanmak we ýaýratmak işiniň alnyp barylmagyna hem üns bermelidirler.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy G.Hallyýew
Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy J.Açylow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ
PLENUMYNYŇ
K A R A R Y № 3

2021-nji ýylyň 24-nji iýuly Aşgabat şäheri

Türkmenistanyň Döwlet serhedinden bikanun geçilmegi baradaky işler boýunça kanunçylygyň kazyýetler tarapyndan ulanylyşynyň kazyýet iş tejribesi hakynda

(18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3; 19.07.2025 ý. № 4; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Türkmenistanyň Döwlet serhedinden bikanun geçilmegi bilen baglanyşykly jenaýatlaryň edilmegi baradaky işler boýunça kazyýet iş tejribesini ara alyp maslahatlaşyp, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy şu görnüşli işlere seredilende kazyýetleriň kanunçylygy esasan dogry ulanýandyklaryny belleýär.

Şonuň bilen birlikde, Türkmenistanyň kanunçylygyna girizilen üýtgetmeleri we goşmaçalary nazara alyp, şeýle hem Türkmenistanyň Döwlet serhedinden bikanun geçilmegi baradaky işler boýunça kanunçylygyň kazyýetler tarapyndan birmeňzeş ulanylmagyny üpjün etmek maksady bilen, "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendini gollanyp, Plenum

K A R A R E D Ý Ä R:

1. Türkmenistanyň Döwlet serhedinden bikanun geçilmegi bilen baglanyşykly jenaýat işlerine seredilende kanunçylygyň talaplarynyň berk berjaý edilmelidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Şu maksatlar üçin Türkmenistanyň Döwlet serhedinden bikanun geçilmegi bilen baglanyşykly işlere seredilişiniň hiliniň, kazyýet mejlisleriniň medeniýetiniň we terbiýeleýjilik täsiriniň netijeliliginiň ýokarlandyrylmagyna hem kazyýetler aýratyn üns bermelidirler.

2. "Türkmenistanyň Döwlet serhedi hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Döwlet serhedi (mundan beýläk Döwlet serhedi) – Türkmenistanyň döwlet çäginiň (gury ýeriniň, ýer astynyň, suwunyň we howa giňişliginiň) çäklerini kesgitleýän çyzykdyr we şol çyzyk boýunça dik geçýän tekizlikdir, ýagny Türkmenistanyň döwlet özygtyýarlylygynyň hereketiniň giňişlik çägidir.

Bellenilen resminamalary bolmazdan we degişli rugsady bolmazdan goralýan Döwlet serhedinden geçilmegine, goralýan Döwlet serhedinden bikanun geçilmegi diýlip hasap edilýär. Şoňa göräde, şu görnüşli işlere seredilende kazyýetiň, günäkäriň bellenilen resminamalary bolmazdan we degişli rugsady bolmazdan goralýan Döwlet serhedinden geçendigini anyk takyklamagy zerurdyr.

3. Jenaýatyň obýektiniň - Döwlet serhediniň eldegrilmesizligi we döwletiň at abraýy bolup durýandygyna kazyýetler üns bermelidirler.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň (mundan beýläk Türkmenistanyň JK-nyň) 235-nji maddasynyň 1-nji böleginde (bellenen resminamalary bolmazdan we degişli rugsady bolmazdan goralýan Döwlet serhedinden geçilmegi) göz öňünde tutulan jenaýatyň obýektiw tarapy – fiziki şahsyň zorlugy ulanmazdan ýa-da zorlugy ulanmak haýbatyny atmazdan goralýan Döwlet serhedinden hakykat ýüzünde islendik usulda we islendik tarapa bikanun geçmegi bolup durýar (meselem, gury ýerden, suwdan, howa boýunça we ş.m.) we jenaýat Döwlet serhediniň çyzygyndan geçilen pursatyndan gutarylan jenaýat diýlip hasap edilýär.

Eger-de, goralýan Döwlet serhediniň çyzygy bilen gabat gelmeýän, goýberiş gözegçilik nokadynyň gözegçilik çyzgysyndan, degişli resminamasy bolmazdan ýa-da degişli rugsady bolmazdan geçilen halatynda, onda anyk ýagdaýlardan ugur alnyp, günäkäriň hereketleri goralýan Döwlet serhedinden bikanun geçmekliginiň kastyna düşme hökmünde ýa-da gutarylan jenaýat hökmünde maddalaşdyrylyp bilner, haçanda günäkär goýberiş gözegçilik nokadyndan bikanun geçip, daşary ýurt döwletiniň transportynyň bortuna münüp ýetişen bolsa.

4. Günäkäriň bellenen resminamalary bolmazdan ýa-da degişli rugsady bolmazdan goralýan Döwlet serhedinden bikanun geçendigi-geçmändigi baradaky meseläni çözenlerinde kazyýetler “Türkmenistanyň Döwlet serhedi hakynda” we “Migrasiýa hakynda” Türkmenistanyň Kanunlarynyň kadalaryndan ugur almalydyrlar.

5. Türkmenistanyň JK-nyň 235-nji maddasynyň 2-nji böleginde göz öňünde tutulan jenaýatyň obýektiw tarapy diýlip, goralýan Döwlet serhedinden islendik bikanun geçilmeginiň gaýtadan ýa-da deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary bilen ýa-da guramaçylykly topar tarapyndan zorluk ulanmak bilen ýa-da zorluk ulanmak haýbatynyň atylyp amala aşyrylmagyna düşünilýär.

Jenaýatyň gaýtadan edilendigi ýa-da deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary ýa-da guramaçylykly topar tarapyndan edilendigi baradaky meseläni çözenlerinde kazyýetler degişlilikde Türkmenistanyň JK-nyň 16-njy we 31-nji maddalarynyň talaplaryndan ugur almalydyrlar.

6. Goralýan Döwlet serhedinden bikanun geçen adam serhetden ýene-de gelen tarapyna yzyna geçen ýagdaýynda hem jenaýatyň gaýtadan alamatyny döredýändigine, şeýle-de ol adamyň özüne bagly bolmadyk ýagdaýlar boýunça yzyna geçip bilmedik ýagdaýynda, onuň hereketleriniň niýetine baglylykda, agzalan jenaýaty gaýtadan etmegiň kastyna düşen hökmünde Türkmenistanyň JK-nyň 14,235-nji maddasynyň 2-nji bölegi bilen maddalaşdyrylmalydygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

7. Türkmenistanyň JK-nyň 235-nji maddasynyň 2-nji böleginiň manysy boýunça zorluk diýlip, adamyň janyna we saglygyna howly bolmadyk, şeýle hem onuň janyna we saglygyna howly bolan zorluga düşünilmeli, muňa adamyň saglygyna bilkastlaýyn agyr zyýan ýetirilen halatlary girmeýär.

Zorluk ulanmak haýbatyny atmak diýlip, adamyň şahsy azatlygyny çäklendirmek, oňa ten agyrysyny ýetirmek, şol sanda janyna ýa-da saglygyna başga hili zyýan ýetirmek haýbatynyň atylmagyna düşünilmeli.

Eger-de, goralýan Döwlet serhedinden geçmegiň barşynda adamyň saglygyna bilkastlaýyn agyr zyýan ýetirilen bolsa ýa-da bilkastlaýyn adam öldürilen bolsa, onda günäkäriň ol hereketleriniň Türkmenistanyň JK-nyň 235-nji maddasynyň 2-nji bölegi

bilen bir hatarda, degişlilikde Türkmenisyanyň JK-nyň 107-nji we 101-nji maddalary bilen hem, jenaýatlaryň jemi boýunça maddalaşdyrylmaga degişlidigini kazyýetlere düşündirmeli.

Haçanda günäkär tarapyndan, bellenilen resminamalary bolmazdan we degişli rugsady bolmazdan goralýan Döwlet serhedinden bikanun geçilende, Türkmenistanyň JK-nyň 231-nji, 276-njy, 318-323-nji, 326-329-njy, 336-njy, 338-nji, 340-njy, 341-nji maddalarda göz öňünde tutulan jenaýatlar hem amala aşyrylan bolsa, onda onuň ol hereketleri hem degişli jenaýatlaryň jemi boýunça maddalaşdyrylmaga degişlidir.

8. Türkmenistanyň JK-nyň 235-nji maddasynda göz öňünde tutulan jenaýatyň subýekti bolmak üçin, jenaýaty eden wagty günäkäriň akyly düzüw we 16 ýaşyny dolduran bolmagy hökmanydyr.

Jenaýatyň subýektiw tarapy bolsa, jenaýat bilkastlaýyn edilen bolmalydyr, ýagny jenaýaty edýän adam Türkmenistanyň goralýan Döwlet serhedinden bikanun geçýändigine doly akyl ýetirip, jenaýatyň netijesini öňünden görýär we şol netijeleri islemegi bilen hem jenaýaty amala aşyrýar.

9. Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda, syýasy gaçybatalga hukugyndan peýdalanmak üçin daşary ýurtly raýatlaryň we raýatlygy bolmadyk adamlaryň goralýan Döwlet serhedinden geçmegiň kadalaryny bozup, Türkmenistana gelen halatlarynda, eger şol adamlaryň hereketlerinde başga jenaýatyň alamatlary ýok bolsa, Türkmenistanyň JK-nyň 235-nji maddasy bilen jenaýat jogapkärçiligine çekilip bilinmeýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Syýasy gaçybatalga sorap, Döwlet serhedinden bikanun geçen adamlaryň bosgun diýlip ykrar edilmeginiň tertibi we esaslary "Bosgunlar hakynda" Türkmenistanyň Kanunynda kesgitlenendir.

10. Jenaýatyň edilmeginiň öňüni almaklygyň, raýatlary kanunlara we jemgyýetde özüňi alyp baryş kadalaryna hormat goýmak ruhunda terbiýelemekligiň möhüm wezipe bolup durýandygyny nazara alyp, şu görnüşli işler boýunça geçirilýän kazyýet seljerişleriniň hilini has-da ýokarlandyryp, şeýle jenaýatyň edilmegine şert döreden ýagdaýlary aradan aýyrmaklyk üçin, kazyýetler işler boýunça hususy kesgitnamalary (kararlary) çykarmak arkaly, degişli edaralaryň, kärhanalaryň we guramalaryň ýolbaşçylarynyň ýol beren kemçiliklerine ünslerini çekmelidirler we ol kemçilikleriň düzedilmegini gazanmalydyrlar.

11. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri birinji basgançakly kazyýetler tarapyndan, goralýan Döwlet serhedinden bikanun geçilmegi bilen bagly jenaýat işleriniň dogry we kanunalaýyk seredilmegine kazyýet gözegçiligini güýçlendirmelidirler we bu babatda kazyýet iş tejribesini yzygiderli umumylaşdyryp, ýüze çykarylan kemçilikleri düzetmek boýunça öz wagtynda degişli çäreleri görmelidirler.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy G.Ussanepesow
Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy J.Açylow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

KARARY № 4

2021-nji ýylyň 24-nji iýuly Aşgabat şäheri

Raýaty nam-nyşansyz giden diýip ykrar etmek ýa-da raýaty ölen diýip yglan etmek bilen baglanyşykly işler seredilende kazyýetler tarapyndan kanunçylygyň ulanylyş iş tejribesi hakynda

(17.02.2024 ý. № 3; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy raýaty nam-nyşansyz giden diýip ykrar etmek ýa-da raýaty ölen diýip yglan etmek boýunça kazyýetlerde raýat işleriniň seredilmeginiň şol adamyň, onuň maşgala agzalarynyň we olar bilen hukuk gatnaşyklarynda bolan degişli fiziki we ýuridik şahslaryň, şonuň ýaly-da, döwletiň we jemgyýetiň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini üpjün etmekde möhüm ähmiýete eýedigini belleýär.

Şoňa görä-de, raýaty nam-nyşansyz giden diýip ykrar etmek ýa-da raýaty ölen diýip yglan etmek bilen baglanyşykly işlere seredilende kazyýetler tarapyndan kanunçylygyň dogry we birmeňzeş ulanylmagyny üpjün etmek maksady bilen we kazyýet iş tejribesinde ýüze çykýan meseleler boýunça kazyýetlere ugrukdyryjy düşündirişleri bermekliginiň zerurlygyndan ugur alyp, "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendini gollanyp, Plenum

K A R A R E D Ý Ä R :

1. Raýaty nam-nyşansyz giden diýip ykrar etmek ýa-da raýaty ölen diýip yglan etmek bilen baglanyşykly işleriň dogry we öz wagtynda çözülmeginiň raýatyň, maşgala agzalarynyň we onuň bilen hukuk gatnaşyklarynda bolan raýatlaryň, şonuň ýaly-da, döwletiň we jemgyýetiň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramagyň wajyp kepillendirmeleriniň biri bolup duryandygy üçin, şeýle işlere seredilende kanunyň berk berjaý edilmeginiň zerurdygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

2. Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň (mundan beýläk – Türkmenistanyň RK-nyň) 42-nji we 45-nji maddalaryna, şeýle hem Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň (mundan beýläk – Türkmenistanyň RIÝK-nyň) 308-nji maddasyna laýyklykda, raýaty nam-nyşansyz giden diýip ykrar etmek ýa-da raýaty ölen diýip yglan etmek hakyndaky işleriň onuň maşgala agzalarynyň, prokuroryň, hossarlyk we howandarlyk edarasynyň arzasy boýunça başlanyp bilinýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

Eger-de arza olaryň biri tarapyndan berlen bolsa, kazyýet öz başlangyjy ýa-da taraplaryň haýyşy boýunça işe beýleki gyzyklanýan adamlary çekmelidir we olar kazyýet mejlisiniň boljak ýeri we wagty barada wagtynda habarly edilmelidir.

3. Raýaty nam-nyşansyz giden diýip ykrar etmek ýa-da raýaty ölen diýip yglan etmek hakynda arza Türkmenistanyň RIÝK-nyň 149-njy maddasynyň talaplaryny berjaý etmek bilen birlikde, görnüşi we mazmuny boýunça şol kodeksiň 309-njy maddasynyň talaplaryna hem laýyk gelmelidigini kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

Arzada raýatyň nam-nyşansyz gidenligini tassyklaýan ýagdaýlar ýa-da nam-nyşansyz ýitene ölüm howpy salnan ýa-da ol belli bir betbagtçylykly hadysadan heläk bolan diýip çak etmäge esas berýän ýagdaýlar beýan edilmelidir. Harby hereketler bilen baglanyşykly nam-nyşansyz ýiten harby gullukçylar ýa-da beýleki adamlar babatda arzada harby hereketleriň gutaran güni görkezilýär.

Arzada giden diýip ykrar edilmegi ýa-da ölen diýip yglan edilmegi soralýan raýat hakynda maglumatlary berip biljek adamlar we işiň dogry çözülmegi üçin ähmiýeti bolan beýleki ýagdaýlar, ýagny şol raýatyň doglan, mälim bolan soňky ýaşan we işlän ýerleri, ata-enesiniň we beýleki ýakyn garyndaşlarynyň ýaşaýan ýerlerindäki degişli guramalar baradaky maglumatlar, şeýle hem, raýatyň nam-nyşansyz giden diýip ykrar edilmeginiň ýa-da ölen diýip yglan edilmeginiň zerurlygyny esaslandyrýan sebäpler görkezilmelidir.

Arza beriji tarapyndan şu talaplar berjaý edilmedik bolsa we kazyýet tarapyndan berlen möhletiň dowamynda bu kemçilikler düzedilmedik halatynda, Türkmenistanyň RIÝK-nyň 154-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, hereketsiz galdyrylan arzanyň kazyýete berilmedik diýlip hasap edilýändigine we arza berijä gaýtarylýandygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

4. Raýaty nam-nyşansyz giden diýip ykrar etmek ýa-da raýaty ölen diýip yglan etmek hakynda arzalar kazyýetler tarapyndan aýratyn önümçilik tertibinde jedelsiz ýurisdiksiýanyň işleri hökmünde seredilýär. Şunda arzanyň arza berijiniň ýaşaýan ýeri boýunça kazyýete berlip bilinýändigine kazyýetlere düşündirmeli.

5. Türkmenistanyň RIÝK-nyň 310-njy maddasyna laýyklykda, kazy işi kazyýet seljerişine taýýarlanynda giden adam hakynda haýsy adamlaryň maglumat berip biljekdigini aýdyňlaşdyrýar, şeýle hem giden adamyň belli bolan iň soňky ýaşan, işlän, okan, gulluk eden ýerleri boýunça degişli guramalardan şol adam hakynda bar bolan maglumatlary sorap alýar.

Arza kabul edilenden soň, kazyýet işiň seredilmäge taýýarlanylýan döwründe giden raýat hakynda maglumatlary berip biljek adamlary we işiň dogry çözülmegi üçin ähmiýeti bolan ýagdaýlary kesgitleýär. Arza beriji tarapyndan berlen maglumatyň möçberine baglylykda we işiň anyk ýagdaýlaryndan ugur alyp, kazyýet giden raýatyň doglan, mälim bolan soňky ýaşan we işlän ýerlerindäki, şeýle hem, ata-enesiniň we beýleki ýakyn garyndaşlarynyň ýaşaýan ýerlerindäki degişli guramalardan maglumatlary almalydyr.

Kazyýetler raýaty nam-nyşansyz giden diýip ykrar etmek ýa-da ölen diýip yglan etmek barada arza berlen adam barada:

- içeri işler edaralaryndan nam-nyşansyz giden raýatyň hasaba alnanlygy ýa-da alynmandygy, garşysyna gözleg işiniň bardygy ýa-da ýokdugy, iş kesilenligi ýa-da kesilmändigi hakyndaky maglumatlary;

- zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak edaralaryndan, pensiýa bölümlerinden şol raýatyň pensiýalarynyň we kömek pullarynyň alynýandygy ýa-da alynmaýandygy hakyndaky maglumatlary;

- Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanyndaky RÝNÝ edaralarynyň Merkezi arhiwinden raýatyň familiýasynyň, adynyň, atasynyň adynyň üýtgedilendigi ýa-da üýtgedilmändigi hakyndaky maglumatlary;

- saglygy goraýyş edaralaryndan raýatyň bejergi geçenligi ýa-da geçmändigi baradaky maglumatlary;

- Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň we Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugynyň edaralaryndan raýatyň Türkmenistanyň çäginden çykyşy we girişi, raýatlygyny üýtgedenligi hakynda maglumatlary;

- Kazyýetlerden raýat bilen bagly ýerine ýetiriş önümçilikleriniň bardygy ýa-da ýokdugy hakyndaky maglumatlary;

- işiň düýp manysy boýunça dogry we kanunalaýyk çözülmegi üçin ähmiýetli bolan beýleki maglumatlary hem kazyýet talap edip alyp biler.

6. Raýaty nam-nyşansyz giden diýip ykrar etmek ýa-da raýaty ölen diýip yglan etmek hakynda işler bilen bilelikde, degişli raýat barada raýat kazyýet önümçiligi tertibinde seredilmäge degişli başga talaplaryň (meselem hukuk hakynda jedel, ýuridik ähmiýeti bolan faktlary takyklamak hakynda we ş.m.) seredilmeginiň ýol berilmeýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

7. Raýatyň bolýan ýeriniň näbelli bolmagy we bir ýylyň dowamynda onuň ýaşaýan ýerinde onuň bolýan ýeri hakynda maglumatyň bolmazlygy, kazyýet tarapyndan gyzyklanýan şahslaryň arzasy boýunça şol raýaty nam-nyşansyz giden diýip ykrar etmek üçin hökmany şertdir.

Raýatyň bolýan ýerinden gidenliginiň möhletini onuň şol ýerden çykan gününden däl-de, ol barada soňky maglumatyň alnan gününden hasaplap başlamaly. Şunda soňky maglumatyň alnan gününiň giden raýat tarapyndan iň soňky berlen ýazmaça habar, telefonogramma ýa-da şaýatlaryň görkezmeleri bilen tassyklanyp bilner.

Türkmenistanyň RK-nyň 42-nji maddasynyň 2-nji tesimine laýyklykda, giden şahs hakynda soňky maglumatlaryň alnan gününi takyklamak mümkin bolmadyk mahalynda, giden şahs hakyndaky soňky maglumatlaryň alnan aýynyň yzyndaky aýyň birinji güni, bu aýy takyklamak mümkin bolmadyk mahalynda bolsa, indiki ýylyň birinji ýanwarynyň raýaty nam-nyşansyz giden diýip ykrar etmek üçin möhleti hasaplap başlamak wagty diýlip hasap edilýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

8. Kazyýet şeýle işlere arza berijiniň, arzada görkezilen şaýatlaryň we kazyýetiň sorag etmek zerur diýip hasap edýän adamlarynyň gatnaşmagynda seredýär we raýaty nam-nyşansyz giden diýip ykrar etmek hakynda ýa-da ony ölen diýip yglan etmek hakynda çözgüt çykarýar. Şunda Türkmenistanyň RIÝK-nyň 311-nji maddasyna laýyklykda, prokuroryň işe gatnaşyp, arzanyň kanuna laýyklygy babatda kazyýete netijenama bermäge hukugynyň bardygyny nazara alyp, kazyýetler işiň serediljek güni we wagty barada prokurora habar bermelidirler.

9. Adamyň belli bir wagtda we belli bir ýerde ölenligine ähtibarly şaýatlyk edýän maglumatlaryň bar halatynda, ölenlik faktyny takyklamaklyk üçin kesgitli wagt möhletiniň geçmeginiň şert bolup durmaýandygyny göz öňünde tutup, kazyýet arza

berijiniň pikirini nazara alyp, adamyň belli bir wagtda we belli bir ýerde ölenliginiň faktyny takyklap biler.

10. Haçanda raýaty nam-nyşansyz giden diýip ykrar etmek hakynda işlere seredilmeginiň barşynda, Türkmenistanyň RK-nyň 45-nji maddasynda göz öňünde tutulan şertleriň bardygy anyklansa, onda raýaty ölen diýip yglan etmek üçin onuň deslapdan nam-nyşansyz giden diýip ykrar edilmeginiň talap edilmeýändigi sebäpli, kazyýet arza berijiniň razylygy bilen şeýle işlere seretmegiň netijesi boýunça raýaty ölen diýip hem yglan edip biler.

Raýatyň bolýan ýeri, diridigi ýa-da ölenligi hakynda anyk maglumat almak mümkin bolmasa, kazyýet tarapyndan raýaty ölen diýip yglan etmek diňe şu şertleriň biri bar bolanda geçirilip bilner:

- eger raýatyň bolýan ýeri hakynda onuň ýaşaýan ýerinde bäş ýyllap maglumat bolmasa;

- eger oňa ölüm howpy salnan ýa-da ol belli bir betbagtçylykly hadysadan ýaňa heläk bolan diýip çak etmäge esas berýän ýagdaýlar mahalynda ol nam-nyşansyz ýiten bolsa, onuň bolýan ýeri hakynda onuň ýaşaýan ýerinde alty aýlap maglumat bolmasa;

- uruş hereketleri bilen baglanyşykly nam-nyşansyz ýiten harby gullukçy ýa-da beýleki fiziki şahs uruş hereketleriniň gutaran gününden beýläk azyndan üç ýyl geçen bolsa.

11. Raýaty ölen diýip yglan etmek hakynda kazyýetiň çözgüdiniň kanuny güýje giren güni ölen diýlip yglan edilen fiziki şahsyň ölen güni diýlip hasap edilýär. Raýata ölüm howpy salnan ýa-da ol belli bir betbagtçylykly hadysadan ýaňa heläk bolan diýip çak etmäge esas berýän ýagdaýlar mahalynda nam-nyşansyz ýiten raýat ölen diýlip yglan edilen halatynda, onuň heläk bolandyr diýlip çak edilýän gününiň bu raýatyň ölen güni diýip ykrar edilip bilinýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

12. Raýaty nam-nyşansyz giden diýip ykrar eden kazyýetiň çözgüdi, onuň emlägini hemişelik dolandyrmak zerur bolanda hossarlyk we howandarlyk edarasy bilen bu emlägi ynançly dolandyrmak şertnamasyny baglaşýan adama onuň emlägini bermek üçin esas bolup durýar.

13. Raýatyň ölen diýlip yglan edilen kazyýetiň çözgüdi, bu raýatyň ölenligi hakynda raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysynyň edarasy tarapyndan raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysynyň ýazgylar kitabyna ýazgyny girizmek üçin esas bolup durýar.

Çözgüt kanuny güýjüne girenden soň onuň tassyklanan nusgasynyň nam-nyşansyz giden diýip ykrar edilen ýa-da ölen diýip yglan edilen adamyň emlägi, raýat ýagdaýy bilen bagly hereketleriň geçirilmegi üçin, şeýle hem, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, onuň maşgala agzalary we gyzyklanýan başga adamlar babatda hukuk ähmiýetli hereketleriň geçirilmegi we hukuk netijeleriň emele gelmegi üçin esas bolup durýar hem-de şunda çözgüdiň esasynda aýratyn ýerine ýetiriş namasynyň ýazylmagy talap edilmeýär.

14. Raýaty nam-nyşansyz giden diýip ykrar etmek hakynda kazyýetiň çözgüdi kanuny güýjüne girenden soň, şol raýatyň emläginden onuň ekläp-saklamaga borçly şahslaryny ekläp-saklamak üçin serişde berlip we nam-nyşansyz giden raýatyň beýleki borçnamalary boýunça bergisi üzülip bilinýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakynda kodeksindäki maşgalada

ekleýji bolup durýan adamyň aradan çykmagy bilen degişli maşgala agzalarynyň ekleýjisini ýitirendigi sebäpli pensiýa bolan hukugy baradaky kadalaryň, ekleýji raýat nam-nyşansyz giden diýlip ykrar edilen ýa-da ölen diýlip yglan edilen halatynda hem ulanylýandygyny kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

15. Kazyýet tarapyndan nam-nyşansyz giden diýlip ykrar edilen raýatyň äriniň (aýalynyň) kämillik ýaşyna ýetmedik we kämillik ýaşyna ýeten zähmete ukypsyz umumy çagalarynyň bolmagyna garamazdan raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysy edarasynyň üsti bilen ýönekeýleşdirilen tertipde nikalaryny bozmaga haky bardyr. Haçanda raýat ölen diýlip yglan edilen halatynda bolsa, onda onuň äri (aýaly) bilen nikasynyň bes edilýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

16. Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenen başga ýagdaýlar bilen bir hatarda, kazyýet tarapyndan ata-enesi nam-nyşansyz giden diýlip ykrar edilen çagalaryň ata-enesiniň howandarlygyndan galan çagalar diýlip hasap edilýändigini we olaryň kanunçylykda göz öňünde tutulan ýeňilliklerden we artykmaçlyklardan peýdalanmaga hukuklarynyň ýüze çykýandygyny göz öňünde tutup, kazyýetiň çözgüdiniň nusgasynyň hossarlyk we howandarlyk edaralaryna hökmany iberilmelidigini kazyýetlere düşündirmeli.

17. Kazyýet tarapyndan raýatyň ölen diýlip yglan edilmeginiň miraslygyň ýüze çykmagy üçin esas bolup durýandygyny, raýatyň kazyýetiň şol çözgüdinde ölen diýlip yglan edilen senesiniň miraslygyň ýüze çykan wagty hasaplanýandygyna, ýöne mirasy kabul etmek möhletiniň kazyýetiň çözgüdiniň kanuny güýjüne giren gününden ugur alnyp hasaplanmalydygyna kazyýetler üns bermelidirler.

18. Kazyýetiň çözgüdiniň karar geliş böleginde nam-nyşansyz giden diýlip ykrar edilen ýa-da ölen diýlip yglan edilen raýatyň şahsyýetini tassyklaýan resminamalar esasynda familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan ýeri we wagty, raýatyň nam-nyşansyz giden diýlip ykrar edilýän ýa-da ölen diýlip yglan edilýän güni takyk görkezilmelidir.

19. Nam-nyşansyz giden diýlip ykrar edilen ýa-da ölen diýlip yglan edilen raýat gelen ýa-da bolýan ýeri tapylan mahalynda, onuň maşgala agzalarynyň, prokuroryň ýa-da hossarlyk we howandarlyk edarasynyň, şeýle hem geleniň (tapylanyň) arzasy esasynda kazyýetiň täze çözgüt bilen öň çykaran öz çözgüdini ýatyrmalydygyna we şunda täze raýat işiniň gozgalmagynyň talap edilmeýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Täze çözgüt raýatyň emläginiň dolandyrylmagyny ýatyrmak üçin we raýat ýagdaýynyň namalaryny döwlet bellige alyş kitabynda onuň ölenligi hakyndaky ýazgyny ýatyrmak üçin esas bolup durýar.

20. Nam-nyşansyz giden diýip ykrar edilen raýatyň gelmegi ýa-da onuň bolýan ýeriniň tapylmagy bilen baglylykda kazyýetiň çözgüdi ýatyrylan mahalynda, şol raýatyň geljekde kazyýet tertibinde hojalygyň degişli ýagdaýda ýöredilmegi netijesinde alnan peýdanyň öweziniň tölenmegini talap etmäge hukugy ýokdur. Ýöne hojalygyň degişli däl ýagdaýda ýöredilmegi netijesinde ýüze çykan zyýanyň öwezini talap etmäge hukugynyň bardygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

21. Ölen diýip yglan edilen raýatyň gelmegi ýa-da onuň bolýan ýeriniň tapylmagy bilen baglylykda kazyýetiň çözgüdi ýatyrylan halatynda, şol raýatyň özüniň haçan gelendigine garamazdan, raýat ölen diýlip yglan edilenden soň, öz emlägi kime

mugt geçen bolsa (sowgat şertnamasy, miras boýunça we ş.m.), saklanyp galan emläginiň gaýtarylyp berilmegini şol şahsdan kazyýet tertibinde talap edip bilýändigini, ýöne şu düzgünleriň pul ýa-da gymmatly kagyzlary görkeziji barasynda, şonuň ýaly-da jemagat söwdasyny geçirmek arkaly ýerleşdirilen zatlar barasynda ulanylmaýandygyny kazyýetlere düşündirmeli.

22. Ölen diýip yglan edilen raýatyň gelmegi ýa-da onuň bolýan ýeriniň tapylmagy bilen baglylykda kazyýetiň çözgüdi ýatyrylan halatynda, geljekde şol raýatyň emläkleri bilen bagly jedellere seredilende, ölen diýip yglan edilen raýatyň emlägi tölegli geleşikler boýunça özüne geçen şahslaryň, eger olaryň şol emlägi edinenlerinde ölen diýip yglan edilen raýatyň diridigini bilendikleri subut edilse, emlägi edinen adamlaryň bu emlägi oňa gaýtaryp bermäge borçludyklaryna, şonuň ýaly emlägi bolşy ýaly görnüşinde gaýtaryp bermek mümkin bolmadyk mahalynda bolsa, onuň gymmatynyň töledilmäge degişlidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Eger ölen diýlip yglan edilen raýatyň emlägi gazna geçirilen we gazna tarapyndan ýerlenen bolsa, onda ölen diýip yglan etmek hakynda kazyýetiň çykaran çözgüdi ýatyrylandan soň, şol emlägi ýerlemekden düşen puluň bu raýata bir aý möhletde kanunda bellenen tertipde gaýtarylyp berilmelidigini kazyýetler nazara almalydyrlar.

23. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň raýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri raýaty nam-nyşansyz giden diýip ykrar etmek ýa-da raýaty ölen diýip yglan etmek boýunça raýat işleriniň dogry we birmeňzeş çözülmegini üpjün etmek hem-de aşaky kazyýetler tarapyndan goýberilýän ýalňyşlyklaryň öňüni almak, olary öz wagtynda ýüze çykaryp, aradan aýyrmak maksady bilen, şu görnüşli işleriň seredilişiniň iş tejribesini wagtal-wagtal öwrenip, umumylaşdyrmalydyrlar we kazyýetlere degişli amaly kömegi yzygiderli bermelidirler.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy G.Ussanepesow

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy J.Açylow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 5

2021-nji ýylyň 24-nji iýuly Aşgabat şäheri

Ýetirilen zyýany töletmek hakyndaky raýat işlerine seredilende Türkmenistanyň kazyýetleri tarapyndan kanunçylygyň ulanylyş iş tejribesi hakynda

(17.02.2024 ý. № 3; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Kazyýetlerde ýetirilen zyýany töletmek baradaky jedeller boýunça kanunçylygyň dogry we birmeňzeş ulanylmagyny üpjün etmek maksady bilen hem-de kanunçylygy ulanmakda kazyýetlere ugrukdyryjy düşündirişleri bermek zerurlyklaryny göz öňünde tutup, "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Plenum

K A R A R E D Ý Ä R :

1. Zyýany töledip almak baradaky kanunçylygy dogry we gyşarnyksyz ýerine ýetirmegiň zerurdygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň (mundan beýläk Türkmenistanyň RK-nyň) 14-nji maddasynda göz öňünde tutulan, zyýany töletmek hukuk kadasy-şertnamalaýyn we şertnamalaýyn däl gatnaşyklarda ulanylýan kanunda kesgitlenen raýat hukuk jogapkärçilik çäresidir.

Agzalan maddanyň 1-nji böleginde şahsyýetiň öz hukugy bozulanda özüne ýetirilen zyýanyň öweziniň doly tölenilmegini talap etmek hukugy, 2-nji böleginde bolsa, ýetirilen zyýan diýen düşünjä nämeleriň degişli bolmalydygy göz öňünde tutulandyr, ýagny, hakyky zyýan diýen düşünjäniň içine jebir çekeniň öz bozulan hukugyny dikeltmek üçin eden ýa-da etmeli bolan çykdajylarynyň, onuň emläginiň ýitirilmeginiň ýa-da oňa şikes ýetirilmeginiň, şeýle hem elden giden peýdanyň girýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

2. Ýetirilen zyýany töletmek baradaky işler seredilende, Türkmenistanyň RK-nyň 385-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, borçnamanyň her bir ýerine ýetirilişi onuň bardygyny aňladýandygyndan ugur alynmalydygyna kazyýetleriň ünslerini çekmeli.

Mysal üçin, çopan maly onuň eýesinden bakmaklyga almagy bilen öz üstüne belli bir borçlary alandygyny aňladýar we mal ýitirilen, ölen ýagdaýynda onuň eýesiniň öňünde zyýany tölemek borjy ýüze çykýar, emma malyň ölen ýagdaýynyň çopana bagly bolmadyk halatlary muňa degişli däldir.

3. Türkmenistanyň RK-nyň III bölegиniň IV babynyň (zyýanyň öwezini töletmek borjy) kadalaryna laýyklykda, zyýan ýetirmegiň netijesinde borçnama-raýat hukugynda şahsyýete ýa-da raýatyň ýa-da ýuridik şahsyň emlägine zyýan ýetirilende ýüze çykýan borçnamalardyr.

Zyýanyň öwezini dolunmagyň görnüşi, mazmuny we talap etmek hukugynyň möçberleri agzalan Kodeksiň 429-436-njy maddalary bilen kesgitlenýär. Ýetirilen zyýany talap etmek hukugy şertnamalaýyn gatnaşyklardan ýa-da zyýan ýetirilmegiň netijesinde borçnamalaýyn ýüze çykan ýagdaýlaryndan (mundan beýläk delikt) ýüze çykandygyna garamazdan, ähli borçnamalaýyn hukuga degişlidiginden ugur alynmalydyr. Ýagny, ilkibaşda Türkmenistanyň RK-nyň haýsy kadasynyň esasynda şahsda zyýanyň tölenilmegini talap etmek hukugynyň ýüze çykýandygyny kesgitläp, diňe şondan soň bu talap hukugynyň görnüşini we möçberini kesgitlemek üçin agzalan Kodeksiň 418-425-nji maddalary ulanylmalydyr.

4. Ýetirilen zyýany töletmek baradaky raýat işlerine seredilende, Türkmenistanyň RK-nyň borçanamalaýyn hukuk hakyndaky III böleginiň I bölüminiň zyýanyň öwezini tölemek borjy hakyndaky IV babynda göz öňünde tutulan kadalary we delikt borçnamalary hakyndaky IV bölüminiň umumy düzgünler hakyndaky I babynda göz öňünde tutulan kadalary gollanmak üçin ilki bilen Türkmenistanyň RK-nyň zyýany töletmek hakyndaky 14-nji maddasyny, ýagny hukugy bozulanyň özüne ýetirilen zyýanyň öweziniň doly tölenilmegini talap edip bilýändigi baradaky kada göz öňünde tutulmalydyr.

5. Türkmenistanyň RK-nyň 429-njy maddasynyň 1-nji bölegi bilen zyýany tölemäge borçly bolan şahs zyýany tölemäge borçly edýän ýagdaýyň ýüze çykyp bilmejek mahalyndaky ozalky ýagdaýyň dikeldilmegi göz öňünde tutulan. Ýagny, zyýanyň öwezini dolmak borjy Türkmenistanyň RK-nyň degişli maddalarynda göz öňünde tutulan jogapkärçiligiň döremeginiň şertleri bolan ýagdaýynda ýüze çykýandygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Şonuň bilen baglylykda şertnamalaýyn borçnamalaýyn gatnaşyklarda, delikt borçnamalaýyn gatnaşyklarda zyýan ýetiriji diňe bir öňki ýagdaýy dikeltmäge däl-de, şertnama ýerine ýetirilen ýagdaýynda ýa-da bedene şikes ýetirilmedik ýagdaýynda, bolup biljek ýagdaýy dikeltmäge borçludyklaryndan ugur alynmalydyr.

Bedene şikes ýetirilende we saglyga şikes ýetirilende zyýany pul görnüşinde öwezi dolunmagyň ýörelgesi agzalan Kodeksiň 429-njy maddasynyň 2-4-nji bentlerinde göz öňünde tutulan kadalar delikt netijesinde hem, şertnamanyň bozulmagy netijesinde hem ýüze çykyp bilýändigini kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

6. Türkmenistanyň RK-nyň ilkibaşky ýagdaýy dikeltmegiň mümkin bolmazlygy hakyndaky 430-njy maddasynda göz öňünde tutulan kada laýyklykda mümkin däldigini, ilkinji nobatda, hakyky ýagdaýlary hasaba almak bilen düşünmeli, meselem şol Kodeksiň 429-njy maddasyna laýyklykda zähmete ukyplylygyň ýitirilmegi ýa-da çäklendirilmegi hakyky görnüşinde dikeldilip bilinmeýändigi sebäpli ýetirilen zyýan pul görnüşinde dolunmaga degişli bolýar.

7. Türkmenistanyň RK-nyň 433-nji maddasyna laýyklykda, zyýana getiren wakanyň göni netijesi bolan we bergidaryň öňden çak edip biljek zyýanyň öwezi dolunmaga degişlidigi sebäpli, zyýan ýetirijiniň kanuna garşy gelýän we günäli

hereketleri edeni-etmändiginiň, hem-de ýetirilen zyýan bu hereketleriň gönümel netijesi bolýandygynyň, şeýle hem ony öňünden çak edip bolýandygynyň anyklanmagynyň zerurdygyndan kazyýetler ugur almalydyrlar.

8. Türkmenistanyň RK-nyň 435-nji maddasyna laýyklykda, zyýanyň möçberi kesgitlenende, diňe bir jebir çekeniň bähbitleri hasaba alynman, ýitgileriň möçberi, elden giderilen peýda, sanalanda ýa-da çak edilýän ýitgileriň möçberini çäklendirmek hakyndaky mesele çözülende, ahlak zyýan hasaplanylanda jebir çekeniň we zyýan ýetirijiniň bähbitleri hemmetaraplaýyn hasaba alynmalydygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

9. Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 230-njy maddasyna laýyklykda, öz jenaýatçylykly hereketleri bilen özleriniň zähmet gatnaşygynda durýan kärhanasyna zyýan ýetiren işçileriň şol ýetiren zyýany üçin doly möçberde maddy jogapkärçilik çekýändiklerini, eger olaryň öz gulluk borçlaryny ýerine ýetiren mahaly eden hereketleri bilen üçünji tarapa maddy zyýan ýetirilen bolsa, onda Türkmenistanyň RK-nyň 1074-nji maddasynyň talabyna laýyklykda ýetirilen zyýany şol işçiniň zähmet gatnaşyklarynda durýan kärhanasynyň tölemäge borçludygyny kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

10. Türkmenistanyň RK-nyň 431-nji maddasyna laýyklykda, borçnamanyň bozulmagy zerarly ýeten zyýanyň öwezini töletmek talaby baradaky hukukdan deslapky ylalaşyga esaslanyp ýüz dönderilmegine ýol berilmeýär.

Sebäbi, deslapdan şeýle ylalaşyk göz öňünde tutulsa, heniz ýüze çykmadyk zyýanyň öwezni dolmak hakyndaky talapnamany bermekden boýun gaçyrmak bergidaryň özüni jogapkärsiz alyp barmagyna getirer. Ýöne bu kada borçnama bozulandan soň taraplara jogapkärçilikden boşatmak hakyndaky ylalaşygy baglaşmagy (barlyşyk ylalaşygy, bergini bagyşlamak) gadagan etmeýär.

11. Türkmenistanyň RK-nyň talaplaryna laýyklykda, jenaýat eden adamyň günäsiniň görnüşine (ýagny jenaýatyň bilkastlaýyn ýa-da seresapsyzlykda edilendigine) garamazdan, jenaýatly hereketlerden raýatlaryň saglygyny dikeltmek üçin harçlanan serişdeleriň öwezniň dolunmaga degişlidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

12. Jenaýat edilmegi we administratiw hukuk bozulmalary sebäpli ýetirilen maddy zyýandan gelip çykýan raýat hak islegine raýat iş ýörediş önümçiligi tertibinde seredilende, kazyýet jenaýat we administratiw işinde bar bolan, şeýle hem, taraplar tarapyndan goşmaça getirilen we kazyýetiň öz başlangyjy boýunça toplanan subutnamalara esaslanyp netijä gelinmelidir.

13. Kämillik ýaşyna ýetmediginiň jenaýatçylykly hereketleri bilen zyýan ýetirilende Türkmenistanyň RK-nyň 1071-nji maddasy esasynda raýat jogap beriji hökmünde işe çekilen ata-ene we oňa gözegçilik etmäge jogapkär şahslar diňe kanunda görkezilen şertler bar ýagdaýynda maddy jogapkärçilige çekilmelidirler.

14. Ulag serişdesiniň ulanylmagy netijesinde ýeten zyýanyň öwezini doldurmak hakyndaky işlere seredilende Türkmenistanyň RK-nyň 1076-njy maddasyny gollanmak bilen çäklenilmän, agzalan Kodeksiň zyýany töletmek hakyndaky 14-nji maddasyna we delikt borçnamallary hakyndaky IV bölüminiň umumy düzgünler baradaky I babynyň kanuna garşy bilkastlaýyn ýa-da seresapsyz hereketleri bilen başga şahsa zyýan ýetiren şahs şol zyýanyň öwezini doldurmaga borçludygy barada

1069-njy maddadasynda berlen kadalaryň hem gollanylmaga degişlidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

15. Türkmenistanyň RIÝK-nyň 80-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 4-nji, 6-njy we 11-nji bentlerine laýyklykda, hak isleýjileriň-şikes ýetirilmegi ýa-da saglygyna başga zeper ýetirilmegi, şeýle hem ekleýjisiniň ýitirilmegi sebäpli ýetirilen zeleliň öwezni dolmak hakyndaky hak islegleri boýunça we jenaýat ýa-da administratiw hukuk bozulmasy sebäpli ýetirilen maddy zyýanyň öwezini dolmak hakynda hak islegleri boýunça hem-de taraplaryň-bikanun iş kesilmegi, jenaýat jogapkärçiligine bikanun çekilmegi, ätiýaçsyzlandyryş çäresi hökmünde tussag astyna almagyň bikanun ulanylmagy, şeýle hem administratiw taýdan tussag etmek görnüşindäki administratiw temminiň bikanun berilmegi zerarly raýata ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak bilen baglanyşykly jedeller boýunça hak isleýjileriň döwlet pajyndan we işe seretmek bilen baglanyşykly harajatlardan boşadylýandyklaryny kazyýetlere düşündirmeli.

16. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň raýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri ýetirilen zyýany töletmek bilen baglanyşykly jedelleriň dogry we birmeňzeş çözülmegi üçin kazyýet gözegçiligini güýçlendirmelidirler we aşakdaky kazyýetlere kanunçylygy ulanmakda degişli amaly kömeklerini bermelidirler.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy G.Ussanepesow

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy J.Açylow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 6

2021-nji ýylyň 24-nji iýuly Aşgabat şäheri

Kazyýetler tarapyndan raýat işleri boýunça kazyýet çykdajylary baradaky kanunçylygyň ulanylyş iş tejribesi hakynda

(18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3; 19.10.2024 ý. № 9; 19.07.2025 ý. № 4; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Raýat işlerine seredilende kazyýet çykdajylary bilen bagly kanunçylygyň kazyýetler tarapyndan dogry we birmeňzeş ulanylmagyny üpjün etmek maksady bilen, "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Plenum

K A R A R E D Ý Ä R:

1. Raýat işleriniň seredilmegi bilen bagly kazyýet çykdajylaryny töletmegiň tertibini kesgitleýän kanunçylygyň kadalarynyň dogry ulanylmagynyň möhümdigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

2. Kazyýet çykdajylary döwlet pajyndan we işe seretmek bilen bagly harajatlardan ybarat bolup, olary töletmegiň tertibi Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň (mundan beýläk Türkmenistanyň RIÝK-nyň) 6-njy babynda kesgitlenendir.

Haýsy ýagdaýlarda, kimlerden we näçe möçberlerde döwlet pajynyň alynmalydygy we kimleriň döwlet pajyny tölemekden boşadylýandygy baradaky meseläni çözenlerinde kazyýetler Türkmenistanyň Prezidentiniň döwlet pajy we döwlet pajynyň möçberlerini tassyklamak hakyndaky degişli kararlaryndan hem ugur almalydyrlar.

3. Işlere seretmek bilen baglanyşykly harajatlaryň sanawy Türkmenistanyň RIÝK-nyň 88-nji maddasynda göz öňünde tutulandyr, ýöne ol sanawlaryň gutarnykly däldigine, eger kazyýet zerur diýip ykrar eden halatynda beýleki edilen çykdajylaryň hem (meselem, hak isleýji kazyýete subutnama hökmünde bermekçi bolýan daşary ýurt resminamany legalizasiýa etmek üçin harajat çykaran bolsa ýa-da zerur bolan subutnamalary üpjün etmek we saklamak boýunça edilen çykdajylar ýa-da taraplaryň işe seredilmegi bilen bagly çeken poçta çykdajylary we ş.m.), çözgüt haýsy tarapyň peýdasyna çykarylan bolsa, bu tarapyň kazyýet çykdajylaryny döwletiň girdejisine tölemekden boşadylandygyna garamazdan, kazyýet beýleki tarapdan bu çykdajylary şol tarapa tölemeli edip bilýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Kazyýete ýüz tutan gyzyklanýan şahslaryň işi ilki kazyýetsiz çözmek barada işleriň bu topary üçin bellenen tertibi berjaý edende çeken harajatlarynyň kazyýet çykdajysy hasap edilmeýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

4. Türkmenistanyň RIÝK-nyň 80-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 1-12-nji bentlerinde hak isleýjileriň (arza berijileriň) haýsylarynyň kazyýet çykdajylaryny tölemekden boşadylýandyklary görkezilendir.

Mundan başga-da, kazyýet raýatyň emläk ýagdaýyndan ugur alyp, olaryň ýazmaça görnüşde beren arzalaryny, maddy we maşgala ýagdaýyna şaýatlyk edýän resminamalaryny öwrenip, ony döwletiň girdejisine kazyýet çykdajylaryny tölemekden boşatmaga, möhletini yza süýşürmäge ýa-da möhletlere bölmäge, bu çykdajylaryň möçberini azaltmaga haklydyr.

Eger kazyýet kazyýet çykdajylaryndan boşatmak hakynda kesgitnamanyň esasyna goýlan ýagdaýlaryň hakykata laýyk gelmeýändigine göz ýetirse, onda ony ýatyrmaga borçludyr.

5. Eger kazyýete berlen hak isleýiş arzasyna döwlet pajynyň tölenendigini tassyklaýan resminama goşulmadyk bolsa we döwlet pajyny tölemegiň möhletini yza süýşürmek, tölegini möhletlere bölmek, tölemekden boşatmak ýa-da olaryň möçberini azaltmak hakynda hak isleýiş arzada beýan edilmedik bolsa, kazy hak isleýjiniň (arza berijiniň) döwlet pajyny tölemekden boşadylandygyny ýa-da boşadylmandygyny barlamaga borçludyr. Eger-de hak isleýji (arza beriji) döwlet pajyny tölemekden boşadylmadyk bolsa, onda hak isleýiş arza (arza) hereketsiz galdyrylmaga degişli bolup, ol barada çykarylan kesgitnamanyň Türkmenistanyň RIÝK-nyň 154-nji maddasynyň talaplaryna laýyk gelmelidigine we onda tölenmäge degişli döwlet pajynyň möçberiniň görkezilmelidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Döwlet pajyny tölemekden boşatmakdan ýüz döndermek we döwlet pajynyň tölenmändigi sebäpli hak isleýiş arzany hereketsiz galdyrmak baradaky kesgitnamalara hususy şikaýat berlip bilner, Türkmenistanyň RIÝK-nyň 9-njy maddasynyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan ýagdaýlarda bolsa, olara hususy teklipnama hem getirlip bilner.

6. Döwlet pajynyň möçberini kesgitlemegiň tertibi, Türkmenistanyň RIÝK-nyň 84-nji maddasynda göz öňünde tutulandyr, şunda kazyýetler kazyýet buýrugy hakynda kesgitnamany çykarmak hakynda arza üçin hak isleýiş arzasy berlende tölenmäge degişli möçberiň 50 göterimi möçberinde döwlet pajynyň tölenilýändigine hem üns bermelidirler.

Eger-de, berilen hak isleýiş arza, emläk häsiýetli we emläk häsiýetli bolmadyk birnäçe özbaşdak talaplardan ybarat bolsa, onda her bir talap boýunça bellenilen tertibe laýyklykda döwlet pajynyň tölenýändigini we hak isleginiň bahasynyň Türkmenistanyň RIÝK-nyň 85-nji maddasynda göz öňünde tutulan kada laýyklykda kesgitlenmelidigini kazyýetlere düşündirmeli.

7. Hak isleýji tarapyndan görkezilen hak isleginiň bahasy talap edilýän emlägiň hakyky gymmatyna göz-görtele laýyk gelmedik ýagdaýynda, hak isleginiň bahasy hak isleýiş arza kabul edilende kazy tarapyndan kesgitlenilýär.

Haçanda, hak islegi bildirilende onuň bahasyny kesgitlemek kyn bolanda, döwlet pajynyň möçberi öňünden kazy tarapyndan bellenilip, iş çözülende hak isleginiň kazyýet tarapyndan kesgitlenen bahasyna laýyklykda, döwlet pajy soňra goşmaça töledilýär. Işe seredilýän wagtda hak isleýiş talaplarynyň möçberi artdyrylanda, döwlet pajynyň ýetmeýän möçberi hak isleginiň artdyrylan bahasyna laýyklykda hak isleýjä goşmaça töledilýär.

8. Türkmenistanyň RIÝK-nyň 87-nji maddasynda göz öňünde tutulan esaslar boýunça, tölenilen döwlet pajyny bölekleýin ýa-da dolulygyna gaýtarmak baradaky meseläniň kazyýet tarapyndan, diňe pul möçberleriniň Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirilen gününden başlap bir ýyl möhlet geçmänkä kazyýete arza berlen ýagdaýynda çözülip bilinýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

9. Türkmenistanyň RIÝK-nyň 92-nji maddasyna laýyklykda, iş boýunça çekilen ähli kazyýet çykdajylary çözgüt haýsy tarapyň peýdasyna çykarylan bolsa, bu tarapyň kazyýet çykdajylaryny döwletiň girdejisine tölemekden boşadylandygyna garamazdan, kazyýet beýleki tarapdan bu çykdajylary şol tarapa tölemeli edilýär.

Eger hak islegi bölekleýin kanagatlandyrylan bolsa, onda şu maddada görkezilen pul möçberleri hak isleýiş talaplarynyň kazyýet tarapyndan kanagatlandyrylan möçberine barabarlykda hak isleýjä berilýär, jogap berijä bolsa hak isleýiş talaplarynyň hak isleýji barada kanagatlandyrmadyk bölegine barabarlykda berilýär.

Türkmenistanyň RIÝK-nyň 92-nji we 94-nji maddalaryň manysyndan görnüşine görä, kazyýet çykdajylary tölenmäge degişli, haçanda kazyýetiň seredýän raýat işi degişli hukuk hakyndaky jedeller bilen bagly bolsa, şoňa görä-de jedelsiz ýurisdiksiýanyň işleri boýunça kazyýet önümçiliginde çekilen kazyýet çykdajylaryny töletmek baradaky mesele çözülende, Türkmenistanyň RIÝK-nyň 92-nji maddasynda göz öňünde tutulan, taraplaryň arasynda kazyýet çykdajylary paýlamak baradaky düzgünleriň ulanylmaýandygyna we şol görnüşli işlere seredilmegi bilen bagly kazyýet çykdajylarynyň, eger kanunda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, şol işlere gatnaşyp, kazyýet çykdajylaryny çeken her bir tarapyň özüniň çekýändigine, ýöne muňa jedelsiz ýurisdiksiýanyň işlerine seredilende degişli hukuk hakynda jedeliň ýüze çykýan halatlarynyň girmeýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

10. Kazyýet, çözgüt özüniň peýdasyna çykarylan tarapa, diňe onuň ýazmaça haýyşnamasy boýunça adwokatyň kömegi üçin tölegi tölemek boýunça tarapyň hakyky çeken harajatlarynyň möçberinde, onuň çeken çykdajylaryny beýleki tarapdan şol tarapa tölemeli edýär. Şunda pul talaplary boýunça bu çykdajylaryň hak isleginiň kanagatlandyrylan böleginiň bäş göteriminden ýokary geçmeli däldigini kazyýetlere düşündirmeli.

11. Işe gatnaşýan adamlaryň işe gatnaşmagy bilen bagly kazyýet çykdajylarynyň Türkmenistanyň RIÝK-da kesgitlenen tertibe laýyklykda töledilýändigi sebäpli, degişli kazyýet harajatlaryny töletmek boýunça aýratyn hak isleginiň bildirilmeginiň talap edilmeýändigine we bu meseläniň kazyýetiň işi düýp manysy boýunça çözen kazyýet kararynda (çözgüdinde, kesgitnamasynda, kararynda) çözülýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Kazyýet çykdajylaryna işe gatnaşýanlaryň, şol sanda işe gatnaşýan üçünji tarapyň çeken harajatlary degişlidir, şunda üçünji tarapyň kimiň başlangyjy bilen işe çekilendiginiň (hak isleýjiniň ýa-da jogap berijiniň haýyşy boýunça ýa-da kazyýetiň başlangyjy boýunça) ähmiýeti ýokdur.

Kazyýet çykdajylaryny almak barada arza bilen ýüz tutan adam, özüniň şol çykdajylary çekendigini we çekilen harajatlaryň özüniň gatnaşmagynda seredilen iş bilen baglydygyny subut etmäge borçludyr. Bu ýagdaýlaryň subut bolmazlygy kazyýet

çykdajylaryny töletmek baradaky arzany kanagatlandyrman galdyrmaklyga esas bolup biler.

12. Haçanda kazyýet iş ýöredişi barlyşyk ylalaşygynyň tassyklanmagy ýa-da hak islegini ykrar etmäge esaslanan kazyýetiň çözgüdiniň kabul edilmegi bilen tamamlasa, döwlet pajynyň ýarpysyna azalýandygyna, eger-de tamamlamak diňe jedeliň närsesiniň bölegine degişli bolsa, onda döwlet pajyny azaltmaklygyň diňe bu bölege degişlidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 96-njy maddasy).

13. Hak isleýji hak isleginden ýüz dönderende onuň çeken kazyýet çykdajylary jogap beriji tarapyndan öwezi dolunmaýar.

Emma, hak islegi bildirilenden soň, jogap beriji tarapyndan hak isleýiş talaplarynyň meýletin kanagatlandyrylmagy bilen baglanyşykly hak isleginden ýüz döndermek hak isleýjiniň iş boýunça çeken kazyýet çykdajylarynyň we adwokatyň kömegi üçin tölegi tölemek boýunça çykdajylarynyň hak isleýjiniň talap etmegi boýunça tutulyp alynmagyna päsgel bermeýär. Eger taraplar barlyşyk ylalaşygyny baglaşanlarynda kazyýet çykdajylaryny we adwokatyň kömegi üçin tölegi tölemek boýunça çykdajylary paýlamagyň tertibini göz öňünde tutmadyk bolsalar, onda kazyýet bu meseläni taraplaryň biriniň arzasy boýunça adalatly garaýyş boýunça çözýär (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 97-nji maddasy).

14. Iş boýunça önümçilik, işe gatnaşýan tarapyň ölendigi ýa-da ýuridik şahsyň ýatyrylandygy sebäpli bes edilen halatynda ýa-da arza kämillik ukyby bolmadyk adam tarapyndan berilendigi sebäpli ýa-da işe özüniň ýoklugynda seredilmegini soramadyk hak isleýjiniň ýa-da taraplaryň esasly sebäp bolmazdan kazyýete gelmändigi diýen esasda seredilmän galdyrylan halatynda, iş boýunça kazyýet çykdajylarynyň Türkmenistanyň RIÝK-nyň 92-nji maddasynda göz öňünde tutulan kada laýyklykda, taraplaryň arasynda paýlamak düzgüniniň ulanylmaýandygyny kazyýetlere düşündirmeli.

Eger-de, hak isleýiş arzasy, oňa gol çekmäge ýa-da hak islegini bildirmäge ygtyýarlygy bolmadyk adam tarapyndan gol çekilen bolsa ýa-da berlen bolsa diýen esasda seretmän galdyrylan halatynda, onda şeýle arzanyň berilmegi netijesinde çekilen kazyýet çykdajylary degişli iş ýöredişe gatnaşyjylaryň arzasy bilen şol arzany beren adamdan alnyp bilner.

15. Raýat işine seredilip, netijesi boýunça degişli kazyýet karary çykarylyp, ol kanuny güýje girenden soň hem, işe gatnaşyjylar işiň seredilmegi bilen bagly kazyýet çykdajylary baradaky mesele boýunça kazyýete arza bilen ýüz tutmaga haklydyrlar, haçanda kazyýet harajatlary baradaky mesele kazyýet tarapyndan öň çözülmedik bolsa.

Bu mesele kazyýet tarapyndan kazyýet mejlisinde Türkmenistanyň RIÝK-nyň 191-nji maddasynda göz öňünde tutulan kadalardan ugur alnyp, kazyýet kesgitnamasyny çykarmak arkaly çözülmelidir.

Eger-de, kazyýetiň öň kabul edilen karary bilen kazyýet çykdajylaryny töletmek ýa-da töletmän galdyrmak baradaky mesele çözülen bolsa, onda kazyýet, Türkmenistanyň RIÝK-nyň 153-nji maddanyň 1-nji böleginiň 3-nji bendine we 259-njy maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, degişlilikde kazyýet çykdajylary

töletmek baradaky berlen arzany kabul etmekden ýüz dönderýär, eger arza kabul edilen bolsa, onda iş boýunça önümçiligi bes etmek hakynda kesgitnama çykarýar.

16. Nägilelik we gözegçilik basgançakly kazyýetler birinji basgançakly kazyýetler tarapyndan seredilen işler boýunça çykarylan kazyýet kararlarynyň, kazyýet çykdajylary töletmek baradaky böleginiň kanuny we esasly bolmagynyň doly üpjün edilmegini gazanmak maksady bilen, olaryň işlerine kazyýet gözegçiligini güýçlendirmelidirler we bu ugurda iş tejribesini yzygiderli umumylaşdyryp, ýüze çykarylan kemçilikleri aradan aýyrmak üçin, olara degişli iş tejribe kömegini bermelidirler.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy G.Ussanepesow

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy J.Açylow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 8

2021-nji ýylyň 18-nji dekabry Aşgabat şäheri

Aýal-gyzlaryň, maşgala borçlary bolan beýleki adamlaryň we kämillik ýaşyna ýetmedikleriň zähmetini düzgünleşdirýän kanunçylygyň ulanylmagy bilen bagly käbir meseleler hakynda

(17.02.2024 ý. № 3; 19.07.2025 ý. № 4; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetme we goşmaça bilen)

Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyna soňky ýyllarda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen baglylykda, şeýle hem aýal-gyzlaryň, maşgala borçlary bolan beýleki adamlaryň we kämillik ýaşyna ýetmedikleriň zähmetini düzgünleşdirýän kanunçylygyň kazyýetler tarapyndan dogry we birmeňzeş ulanylmagyny üpjün etmek hem-de kazyýetlerde ýüze çykan soraglara ugrukdyryjy düşündirişleri bermek maksady bilen, "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Plenum,

K A R A R E D Ý Ä R:

1. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 45-nji maddasyna laýyklykda, her bir adamyň zähmete, öz islegine görä hünär, kär we iş ýerini saýlap almaga, zähmetiň sagdyn we howpsuz şertlerine hukugy bolup, bu konstitusion hukugyň hakykat ýüzünde durmuşa geçirilmegini üpjün etmek maksady bilen, Türkmenistanyň Zähmet kodeksinde (mundan beýläk Türkmenistanyň ZK-y) işgärleriň käbir toparlary üçin, şol sanda aýal-gyzlaryň, maşgala borçlary bolan beýleki adamlaryň we kämillik ýaşyna ýetmedikleriň zähmetini düzgünleşdirýän ýörite kadalaryň görkezilmeginiň jemgyýetimizde ol adamlara öz hünärine, ukyp başarnygyna we saglyk ýagdaýlaryna görä mynasyp zähmet çekmekleri üçin zerur bolan durmuş-zähmet şertleriniň döredilmegi we kepilliklerіniň berilmegi bilen bagly bolup, bu kadalaryň talaplarynyň degişli zähmet jedelleri çözülende hökmany nazara alynmalydygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

2. Aýal-gyzlara, maşgala borçlary bolan beýleki adamlara we kämillik ýaşyna, ýagny on sekiz ýaşyna ýetmediklere zähmet gatnaşyklarynda aýratyn zähmet şertleri döredilip, Türkmenistanyň kanunçylygynda degişli zähmet şertleriniň we ýeňilliklerіniň göz öňünde tutulmagy, jemgyýetimizde adamyň maşgala durmuşynyň sagdyn ösmegine, çagalaryň döwrebap terbiýelenmegine we ýaşlaryň durmuşda öz mynasyp orunlaryny tapmaklaryna gönükdirilen bolup, olaryň zähmetiniň hukuk aýratynlyklary Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynda aýratyn bellenip düzgünleşdirilendigine (Türkmenistanyň ZK-nyň 13-nji bölüminiň 1-nji babynyň 241-249-njy maddalary we şol bölümiň 2-nji babynyň 250-258-nji maddalary)

kazyýetler üns bermelidirler.

3. Türkmenistanyň ZK-nyň 23-nji maddasyna laýyklykda, zähmet şertnamasy on sekiz ýaşyna ýeten şahs bilen baglaşylýar.

On sekiz ýaşyna ýetmedik şahs bilen zähmet şertnamasynyň baglaşylmagyna diňe onuň özüniň razylygy hem-de onuň ata-enesiniň biriniň (hossarynyň) razylygy hem-de hossarlyk we howandarlyk edarasynyň rugsady bilen, şol sanda, kinematografiýa edaralarynda, teatrlarda, teatral we konsert guramalarynda, sirklerde eserleriň döredilmegine we ýerine ýetirilmegine gatnaşmaga, eger onuň zähmet işleri mekdepdäki okuwyny dowam etmäge päsgelçilik döretmeýän, saglygyna we ahlak ösüşine zyýan ýetirmeýän bolsa, ýol berilýär.

Şu ýagdaýda kämillik ýaşyny doldurmadyk işgäriň zähmet şertnamasyna onuň ata-enesi (hossary) gol çekýär we zähmet şertnamasyny baglaşmaga razylyk we rugsat ýazmaça resmileşdirilmelidir.

4. Zähmetiň käbir görnüşlerine mahsus talaplar ýa-da ýokarlandyrylan durmuş we hukuk goragyna mätäçlik edýän adamlar (meselem, aýal-gyzlar, kämillik ýaşyny doldurmadyklar, maýyplygy bolan adamlar we başgalar) hakynda döwletiň aýratyn aladasy bilen şertlendirilendigi sebäpli, olaryň kanunda göz öňünde tutulmadyk esaslar boýunça işe kabul edilmezligine ýol berilmeýär.

Meselem, göwreli ýa-da üç ýaşa çenli çagasy (on sekiz ýaşa çenli maýyplygy bolan çagasy) bolmagy bilen baglanyşykly sebäpler boýunça aýallary işe kabul etmekden boýun gaçyrmak ýa-da olaryň zähmet hakyny peseltmek gadagandyr.

Eger-de, iş beriji olary işe kabul etmekden boýun gaçyrsa, onda boýun gaçyrmagynyň sebäpleri görkezilip işe girmekçi bolýana ýazmaça görnüşde habar berilmäge degişli bolup, işe kabul etmekden ýüz döndermäniň, bellenen tertipde kazyýete şikaýat edilip bilinýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

5.Göwreli aýallar we üç ýaşa çenli çagasy (on sekiz ýaşa çenli maýyplygy bolan çagasy) bolan aýallar bilen zähmet şertnamasynyň iş berijiniň başlangyjy boýunça Türkmenistanyň ZK-nyň 42-nji maddasy esasynda ýatyrylmagyna ýol berilmeýändigine, emma kärhananyň ýatyrylan ýa-da iş beriji-fiziki şahs tarapyndan işiň bes edilen, emläginiň ogurlanan, zähmet düzgün-nyzamynyň yzygiderli bozulan, şeýle hem zähmet şertnamasynyň möhletiniň gutarmagy bilen bes edilen, şol sanda Türkmenistanyň ZK-nyň 241-nji maddasynyň dördünji, bäşinji we altynjy böleklerinde görkezilen halatlaryň muňa degişli däldigine kazyýetler üns bermelidirler.

6. Türkmenistanyň ZK-nyň 241-nji maddasyna laýyklykda, aýalyň göwrelilik döwründe möhletli zähmet şertnamanyň möhletiniň gutarýan halatynda iş beriji onuň ýazmaça arzasy boýunça we göwreliliginiň ýagdaýyny tassyklaýan lukmançylyk kepilnamasyny beren mahalynda göwreliligiň gutarmagyna çenli zähmet şertnamasynyň hereket ediş möhletini uzaldýar.

Şunda, göwreliligiň gutarmagyna çenli zähmet şertnamasynyň hereket ediş möhleti uzaldylan aýal iş berijiniň soramagy boýunça, ýöne her üç aýda bir gezek göwreliliginiň ýagdaýyny tassyklaýan lukmançylyk kepilnamany bermäge borçludyr.

Eger, zähmet şertnamasy wagtlaýyn ýok işgäriň borçlaryny ýerine ýetirýän wagty üçin baglaşylsa we aýalyň ýazmaça razylygy bilen göwreliligiň gutarmagyna çenli ony iş berijide bar bolan başga işe (hem aýalyň degişli hünärindäki boş wezipä

ýa-da işe, hem pes bolan boş wezipä ýa-da pes hak tölenilýän işe), aýalyň saglyk ýagdaýyny hasaba almak bilen onuň ýerine ýetirip biljek işine geçirmek mümkin bolmasa (göwrelilik we çaga dogurmak boýunça rugsady resmileşdirendigine garamazdan), aýaly zähmet şertnamasynyň möhletiniň gutarmagy bilen baglanyşykly onuň göwrelilik döwründe işden boşatmaga ýol berilýändigine, şunda iş berijiniň oňa şol ýerde özünde bar bolan, görkezilen ähli talaplara jogap berýän boş iş orunlary teklip etmäge, haçanda bu zähmet şertnamasynda, köpçülikleýin şertnamada (ylalaşykda) göz öňünde tutulan bolsa, onda iş berijiniň oňa başga ýerlerdäki boş iş orunlary hem teklip etmäge borçludygyna kazyýetler üns bermelidirler.

Wagtlaýyn ýok işgäriň wezipe borçlaryny ýerine ýetirmek üçin zähmet şertnamasy baglaşylan aýalyň zähmet şertnamasynyň möhletiniň gutarmagyna çenli, ol göwrelilik we çaga dogurmak boýunça rugsady resmileşdiren bolsa, onda zähmet şertnamasynyň möhletiniň gutarmagyna çenli onuň işden çykarylmagyna ýol berilýändigine, ýöne munuň ol aýalyň göwrelilik we çaga dogurmak boýunça rugsadynyň tamamlanmazyndan öň bolup bilmeýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

7. Türkmenistanyň ZK-nyň 242-nji we 243-nji maddalaryna laýyklykda, iş beriji tarapyndan göwreli aýallaryň gijeki wagtdaky işlere, iş wagtyndan daşary işlere, dynç alyş günlerinde, işlenilmeýän baýramçylyk we hatyra günlerinde işlere çekilmegine hem-de gulluk iş saparlaryna iberilmegine ýol berilmeýändigini, üç ýaşa çenli çagalary (on sekiz ýaşa çenli maýyplygy bolan çagasy) bolan aýallaryň bolsa ol işlere çekilmegine we gulluk iş saparlaryna iberilmegine diňe olaryň ýazmaça razylyklary bolan halatynda ýol berilýändigini, şeýle hem kanunda görkezilen ýörite ygtyýarly edilen edara tarapyndan, «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy we Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi bilen ylalaşmak arkaly tassyklanylýan, çäklerden ýokary geçýän agyrlyklaryň aýal-gyzlar tarapyndan elde göterilmegiň we ondan-oňa süýşürilmegiň gadagan edilýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

Iş berijiniň, syrkaw maşgala agzasyna seredýän işgäri, syrkawyň seredilmäge mätäçlik çekýändigi barada degişli lukmançylyk netijenamanyň bar mahalynda, gijeki işlere, iş wagtyndan daşary işlere çekmäge, şeýle hem gulluk iş saparyna ibermäge we wahta usuly bilen ýerine ýetirilýän işlere ibermäge hakly däldigine hem kazyýetler üns bermelidirler.

8. Meýdan şertlerinde oba hojalyk işlerinde işleýän göwreli aýallara ortaça zähmet hakyny saklap galmak bilen dowamlylygy alty sagat bolan iş güni bellenilýär.

Göwreli aýallara lukmançylyk netijenamasyna laýyklykda iş öndürijiliginiň kadalary, hyzmat ediş kadalary azaldylýar ýa-da olar öňki işindäki ortaça zähmet hakyny saklap galmak bilen başga has ýeňil işe we amatsyz önümçilik faktorlarynyň täsirini aradan aýyrýan işe geçirilýär.

Bir ýarym ýaşa çenli ýaşdaky çagalary bolan aýallar öňki işini ýerine ýetirmäge mümkinçilik bolmadyk mahalynda çagasy bir ýarym ýaşa ýetýänçä öňki işi boýunça ortaça zähmet hakyny saklap galmak bilen başga has ýeňil işe geçirilmäge degişlidir.

Türkmenistanyň ZK-nyň 247-nji maddasy esasynda bir ýarym ýaşa çenli

çagalary bolan aýallara çagany naharlamak üçin berilýän goşmaça arakesmäniň iş wagtyna goşulýandygyna we ortaça zähmet hakynyň tölenilýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

9. Enelik bilen baglanyşykly aýala berilýän kepillikler we ýeňillikler enesiz galan (ol aradan çykanda, ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilende, bejeriş edarasynda uzak wagtlap bolanda we çagalar hakynda enelik aladasynyň bolmadyk beýleki halatlarynda) çagalary terbiýeleýän atalara, şeýle hem kämillik ýaşyna ýetmedikleriň hossarlaryna (howandarlaryna) hem degişlidigini kazyýetlere düşündirmeli.

Şunda maşgala borçlary bolan beýleki adamlar diýlip, Türkmenistanyň maşgala kanunçylygyna we beýleki hukuk namalara laýyklykda, çagany terbiýelemek we ösdürmek boýunça borçlary üstüne ýüklenen adamlara (mysal üçin, çagany perzentlige alanlar, çaga hossar ýa-da howandar bellenenler, kanunda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda çaga hakykat ýüzünde seredýän beýleki garyndaşlar we ş.m.) düşünilmelidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

10. On sekiz ýaşyna ýetmedik işgärler hem zähmet hukuk gatnaşyklarynda kämillik ýaşyna ýetenleriň hukuklary bilen deňleşdirilip, zähmeti goramak, iş wagty, rugsatlar we zähmetiň käbir beýleki şertleriniň çygrynda bolsa Türkmenistanyň ZK-y we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen bellenilen ýeňilliklerden peýdalanýarlar.

11. Iş beriji iş bilen üpjün edýän ýerli edara (gulluk) we beýleki edaralar tarapyndan iberilýän on sekiz ýaşyna ýetmedik adamlary işe ýerleşdirmek tertibinde bellenilen möçberiniň hasabyna iş ýerlerine işe kabul etmäge borçly bolup, bellenilen möçberiň hasabyna işe kabul etmekden boýun gaçyrylan halatynda, iş berijiniň hereketleriniň (hereketsizliginiň) bellenen tertipde kazyýete şikaýat edilip bilinýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

12. «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy we Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi bilen ylalaşmak arkaly Türkmenistanyň ZK-nyň 404-nji maddasynyň 1-nji bendinde görkezilen ýörite ygtyýarly edilen edara tarapyndan tassyklanylan zyýanly we howply (aýratyn zyýanly we aýratyn howply) zähmet şertleri bolan işlerde, şeýle hem ýerine ýetirilmegi olaryň saglygyna we ahlak ösüşine zyýan ýetirip biljek işlerde (humarly oýunlar täjirçiligi, spirtli içgileri, temmäki önümlerini, neşe, zäherli we gaýry serişdeleri öndürmek, daşamak we söwdasyny etmek) on sekiz ýaşyna ýetmedik adamlaryň zähmetiniň ulanylmaga ýol berilmeýär.

Şeýle-de, Türkmenistanyň ZK-nyň 255-nji maddasyna laýyklykda, on sekiz ýaşyna ýetmedik işgärleriň gijeki wagtdaky we iş wagtyndan daşary işlere we dynç alyş, işlenilmeýän baýramçylyk we hatyra günlerinde işlere çekmekliginiň, şeýle hem olary gulluk iş saparlaryna ibermekliginiň gadagan edilýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

13. Iş berijiniň başlangyjy boýunça on sekiz ýaşyna ýetmedik işgärleriň işden boşadylmagyna işden boşatmagyň umumy tertibini berjaý etmekden başga-da, diňe kärdeşler arkalaşygy guramasynyň we kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işleri baradaky toparyň razylygy bolan halatynda ýol berilýändigine, Türkmenistanyň ZK-nyň 42-nji maddasynyň birinji böleginiň 1-3-nji bentlerinde görkezilen esaslar boýunça bolsa,

işgäriň başga işe ýerleşdirilmän işden boşadylmagyna ýol berilmeýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Eger-de, zähmet şertnamasynyň dowam etdirilmegi kämillik ýaşyna ýetmedikleriň saglygyna howp salýan ýa-da olaryň kanuny bähbitlerini bozýan bolsa, onda on sekiz ýaşyna ýetmedik işgärler bilen zähmet şertnamasynyň olaryň ata-eneleriniň, ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlaryň, şeýle hem hossarlyk we howandarlyk edaralarynyň hem-de Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilmegine gözegçilik etmeli beýleki edaralaryň talap etmegi boýunça hem ýatyrylyp bilinýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

14. Aýal-gyzlaryň, maşgala borçlary bolan beýleki adamlaryň we kämillik ýaşyna ýetmedikleriň zähmet jedelleri bilen bagly işlere seredenlerine kazyýetler bu zähmet jedelleriň döremegine getiren sebäpleri anyklap, olaryň döremegine şert döreden ýagdaýlary aradan aýyrmak maksady bilen, şol ýüze çykarylan kanuny bozulmalara bellenen tertipde degişli edaralaryň, kärhanalaryň we guramalaryň ýolbaşçylarynyň ünslerini çekmelidirler.

15. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň raýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat, Arkadag we Aşgabat şäherleriniň kazyýetleri aşaky kazyýetler tarapyndan aýal-gyzlaryň, maşgala borçlary bolan beýleki adamlaryň we kämillik ýaşyna ýetmedikleriň zähmet jedellerine seredilende kanunçylygyň talaplarynyň gyşarnyksyz berjaý edilmegini üpjün etmek boýunça kazyýet gözegçiligi güýçlendirmelidirler we umumylaşdyrma geçirmek arkaly ýüze çykarylan kemçilikleri aradan aýyrmak üçin kazyýetlere iş tejribe kömegini bermelidirler.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy G.Ussanepesow

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy J.Açylow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ
PLENUMYNYŇ
K A R A R Y № 9

2021-nji ýylyň 18-nji dekabry Aşgabat şäheri

Jenaýatçylykly ýol bilen alnan pul serişdeleriniň ýa-da gaýry emlägiň kanunlaşdyrylmagy we görnetin jenaýatçylyk ýoly bilen ele salnan emlägiň satyn alynmagy ýa-da satylmagy bilen bagly işler boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda

(18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3; 19.10.2024 ý. № 9; 18.10.2025 ý. № 10; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Jenaýatçylykly ýol bilen alnan pul serişdeleriniň ýa-da gaýry emlägiň kanunlaşdyrylmagy hem-de görnetin jenaýatçylyk ýoly bilen ele salnan emlägiň satyn alynmagy ýa-da satylmagy bilen bagly işler boýunça kazyýet iş tejribesinde ýüze çykan soraglara ugrukdyryjy düşündirişleri bermek maksady bilen, "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy,

KARAR EDÝÄR:

1. Jenaýatçylykly ýol bilen alnan pul serişdeleriniň ýa-da gaýry emlägiň kanunlaşdyrylmagynyň we dolanyşyga goýberilmeginiň oňaýsyz ykdysadyýetiň döremegine hem-de döwletiň ykdysady howpsuzlygyna we maliýe durnuklylygyna düýpli zyýan ýetirýändigini, şol sanda korrupsiýanyň ýüze çykmagyna şertleri döredýändigini nazara alyp, şu görnüşli jenaýatlara garşy alnyp barylýan göreşiň ähmiýetiniň uludygyna we jenaýat işlerine seredilende kanunçylygyň talabynyň doly we dogry berjaý edilip, olaryň öz wagtynda seredilmeginiň üpjün edilmelidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

2. Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan goralýan obýektlere garşy hyýanatly hereketleriň amala aşyrylmagynyň netijesinde edinilen pul serişdeleri, beýleki gozgalýan we gozgalmaýan emläkler jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejiler bolup, ol pul serişdeleri ýa-da başga emläk barada, olaryň eýelik edilmegini, peýdalanylmagyny we ygtyýar edilmegini kanuny görnüşe getirmek maksady bilen maliýe amallaryň edilmegi, ýa-da beýleki geleşikleriň baglaşylmagy, şonuň ýaly-da görkezilen pul serişdeleriniň ýa-da emlägiň telekeçilik ýa-da başga ykdysady işi amala aşyrmak üçin peýdalanylmagy, şeýle hem şol pul serişdeleriniň ýa-da emlägiň bikanun gelip çykyşynyň gizlenilmegi ýa-da ýaşyrylmagy, ýa-da şol hereketlerden peýda ýa-da beýleki bähbitleriň alynmagy, jenaýatçylykly ýol bilen alnan şol pul serişdeleriniň ýa-da başga emlägiň kanunlaşdyrylmagy diýlip hasap edilýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

3. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň (mundan beýläk Türkmenistanyň JK-nyň) 263-nji (jenaýatçylykly ýol bilen alnan pul serişdeleriniň ýa-da başga emlägiň

kanunlaşdyrylmagy) we 258-nji (görnetin jenaýatçylyk ýoly bilen ele salnan emlägiň satyn alynmagy ýa-da satylmagy) maddalarynda göz öňünde tutulan jenaýatlaryň närseleri diňe bir esasy jenaýatlaryň netijesinde (meselem, ogurlyk, para almak we ş.m. netijesinde) jenaýatçylykly ýol bilen alnan pul serişdeleri ýa-da beýleki emläkler bolman, eýsem-de jenaýatyň amala aşyrylandygy üçin maddy sylag hökmünde alnan maliýe serişdeleriniň ýa-da beýleki emlägiň hem (meselem, betnebislik niýeti bilen, şeýle hem hakyna tutma boýunça adamyň öldürilmegi bilen bagly amala aşyrylan jenaýat üçin alnan pul serişdeleri ýa-da başga emläk) şol jenaýatlaryň närseleri bolup bilýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

4. Şunda maliýe serişdeleri diýlip, nagt ýa-da nagt däl görnüşde Türkmenistanyň walýuta pul birliklerine, daşary ýurt döwletleriniň walýutalaryna, şol sanda nagt däl görnüşde amala aşyrylýan elektron pul serişdelerine, gozgalýan we gozgalmaýan emläklere eýeçilik hukugynyň edinilmegine, gymmat bahaly kagyzlara, şol sanda jenaýatçylyk ýoly bilen edinilen emlägiň ýa-da başga jenaýatyň närsesi bolan emläkleriň täzeden işlenilen görnüşine (meselem, jenaýatçylykly ýol bilen edinilen gurluşyk materiallaryndan gozgalmaýan obýektiň salynmagy) getirilmegine düşünilmelidir.

5. Haçanda jenaýat ýoly bilen edinilen emläk raýat dolanşygynda çäklendirilen bolup, onuň bikanun dolanyşygy üçin jogapkärçilik, Türkmenistanyň JK-nyň degişli maddalarynda göz öňünde tutulyp, günäkär tarapyndan esasy jenaýat edilenden soň ol emlägiň eýelik edilmegine, ulanylmagyna we ygtyýar edilmegine kanuny görnüş bermek maksady bilen degişli hereketler amala aşyrylmadyk bolsa, onda onuň hereketleriniň diňe Türkmenistanyň JK-nyň şol maddalary bilen (meselem, ýaragyň, neşe serişdeleriniň satyn alynmagy ýa-da satylmagy, para alynmagy we ş.m.) maddalaşdyrylmagy ýeterlikdir we Türkmenistanyň JK-nyň 263-nji we 258-nji maddalary bilen goşmaça maddalaşdyrylmagy talap edilmeýär.

Eger-de, esasy jenaýatyň netijesine jenaýatçylykly ýol bilen alnan maliýe serişdeleri we başga emläk bilen, olara kanuny görnüş bermek maksadynda günäkär tarapyndan maliýe amallary we geleşikleri amala aşyrylan bolsa (meselem, para almakdan, neşe serişdelerini satmakdan düşen pul serişdeleri bilen maliýe amallary we geleşigi geçirilip, ol maliýe serişdelerine awtoulagyň we başga gozgalýan ýa-da gozgalmaýan emlägiň satyn alynmagy we ş.m.), onda günäkäriň ol hereketleri Türkmenistanyň JK-nyň esasy jenaýat üçin göz öňünde tutulan degişli maddalaryndan başga-da, goşmaça Türkmenistanyň JK-nyň 263-nji maddasynyň degişli bölegi boýunça hem maddalaşdyrylmaga degişlidir.

6. Jenaýatçylyk ýoly bilen edinilen pul serişdäniň ýa-da başga emlägiň kanuny ýol bilen edinilen maliýe serişdeleri ýa-da başga emläk bilen garyşdyrylyp, soňundan olar bilen emläk geleşikleri ýa-da bank amallary geçirilen halatynda, günäkäriň hereketleri degişlilikde Türkmenistanyň JK-nyň 263-nji ýa-da 258-nji maddasy bilen, şol maliýe serişdesiniň ýa-da başga emlägiň jenaýatçylyk ýoly bilen edilendiginiň anyklanan degişli möçberinden ugur alnyp maddalaşdyrylmalydyr.

7. Türkmenistanyň JK-nyň 263-nji we 258-nji maddalarynda göz öňünde tutulan jenaýat işleri boýunça çykarylan kazyýetiň aýyplaw höküminiň beýan ediş-delillendiriş böleginde kazyýetiň, maliýe serişdeleriň ýa-da başga emlägiň jenaýatçylykly ýol bilen alnandygyny, mundan başga-da Türkmenistanyň JK-nyň

263-nji maddasy boýunça günäkäriň maliýe serişdeleri ýa-da başga emläkleri eýelik etmek, ulanmak we ygtyýar etmek üçin, olary kanuny görnüşe getirmek maksadynyň bolandygyny tassyklaýan subutnamalaryň getirilip, olara degişli baha berilmelidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

8. Türkmenistanyň JK-nyň 263-nji maddasynda göz öňünde tutulan jenaýaty etmek bilen bagly amala aşyrylan maliýe amallary diýlip, pul serişdeleri bilen geçirilen islendik hereketlere düşünilýär (meselem, nagt we nagt däl hasaplaşyklar, kassa amallary, pul serişdeleriniň geçirilmegi ýa-da çalşylmagy, walýutanyň bir görnüşiniň beýleki bir walýuta bilen çalşylmagy we ş.m.).

Bu jenaýatlar geleşikleri amala aşyrmak arkaly amala aşyrylanda bolsa, günäkäriň hereketleri raýatlaryň hukuklarynyň we borçlarynyň üýtgemegine ýa-da ýatyrylmagyna, şeýle hem raýatlaryň hukuklarynyň we borçlarynyň döremegine ýa-da başga birine geçmegine kanuny görnüş bermeklige gönükdirlen bolmalydyr.

9. Türkmenistanyň JK-nyň 263-nji maddasy boýunça jogapkärçilik, görnetin jenaýatçylykly ýol bilen alnan pul serişdeleri ýa-da başga emläkler bilen maliýe amalynyň ýa-da geleşigiň geçirilen (jenaýat amala aşyrylan) halatynda ol hereketleriň günäkär tarapyndan bikanun ýol bilen edinilen maliýe serişdeleriniň ýa-da başga emlägiň eýelenmegine, ulanylmagyna we ygtyýar edilmegine kanuny görnüş bermek maksady bilen edilendiginiň anyklanan bolmagy hökmanydyr (meselem, eýeçilik hukugy galp resminamalara esaslanan gozgalmaýan obýekti satyn almak-satmak şertnamasynyň baglaşylmagy).

10. Türkmenistanyň JK-nyň 263-nji we 258-nji maddalarynda göz öňünde tutulan jenaýatlar, maliýe amallary amala aşyrylyp edilen halatynda, olar maliýe serişdeleri bilen gönüden-göni harytlar üçin hasaplaşyk geçirilen ýa-da pul serişdelerini geçirmek barada bank edarasyna töleg tabşyrygynyň berlen pursatyndan tamamlanan hasap edilýär.

Agzalan jenaýatlaryň geleşik baglaşmak arkaly amala aşyrylan halatynda bolsa, şol geleşikleri baglaşmagyň netijesinde ýüze çykýan borçlaryň ýa-da hukuklaryň, günäkär tarapyndan, bolmanda bir böleginiň hakykat ýüzünde ýerine ýetirilen pursatyndan jenaýatlar tamamlanan hasap edilýär (meselem, günäkäriň jenaýaty amala aşyrmagy netijesinde alan maliýe serişdesini ýa-da başga emlägi şertnamanyň beýleki tarapyna beren pursatyndan).

Eger-de, jenaýatçylyk ýoly bilen (jenaýat netijesinde) edinilen maliýe serişdelerine ýa-da başga emläge eýelik etmeklige, ulanmaklyga we ygtyýar etmeklige kanuny görnüş bermek maksady bilen, göz üçin şertnama baglaşylyp, hakykatda bolsa ol geleşik boýunça emlägiň berilmegi niýet edilmeýän bolsa, onda Türkmenistanyň JK-nyň 263-nji maddasynda göz öňünde tutulan jenaýat günäkär bilen beýleki adamlaryň arasynda baglaşylan şertnamanyň resmileşdirilen pursatyndan tamamlanan hasap edilýär (meselem, degişli maliýe serişdesiniň jenaýatçylyk ýoly bilen edilendigini bildirmezlik maksady bilen, göz üçin hyzmatlar üçin töleg şertnamasy baglaşylanda, şol şertnama gol çekilen pursatyndan).

11. Haçanda günäkär tarapyndan, bir ýa-da birnäçe esasy jenaýatlary etmegiň netijesinde alnan maliýe serişdeleri we beýleki emläkler boýunça iki we ondanda köp maliýe operasiýalary ýa-da geleşikler amala aşyrmak arkaly jenaýat edilip, işiň ýagdaýlaryndan ol birmeňzeş hereketleriň günäkär tarapyndan bir maksada

gönükdirilen ýeke-täk niýeti gurşap alyp amala aşyrylandygy anyklansa, onda günäkäriň hereketleriniň, dowam edýän jenaýat hökmünde, degişlilikde Türkmenistanyň JK-nyň 263-nji we 258-nji maddalarynyň degişli bölekleri boýunça maddalaşdyrylmagy ýeterlikdir.

Eger-de, günäkär jenaýatçylykly ýol bilen alnan maliýe serişdesini ýa-da başga emlägi köp möçberde kanuny görnüşe getirmek maksady bilen, birnäçe maliýe operasiýalaryny ýa-da geleşikleri amala aşyrmakçy bolup, hakykat ýüzünde kanuny görnüşe getirilip ýetişilen maliýe serişdeleriniň ýa-da emlägiň möçberi, oňa bagly bolmadyk sebäbe görä, ýokarda agzalan degişli möçbere ýetmese, günäkäriň hereketleri, jenaýatçylykly ýol bilen alnan maliýe serişdeleriniň ýa-da başga emlägiň köp möçberde kanunlaşdyrylmagyna kast etme hökmünde maddalaşdyrylmaga degişlidir (meselem, günäkär iki maliýe operasiýasyny geçirmek arkaly, ony köp möçberde kanunlaşdyrmakçy bolup, ol birinji maliýe operasiýany geçirip ýetişýär, ikinji maliýe operasiýany bolsa, özüne bagly bolmadyk sebäplere görä, ýagny tutulyp saklanandygy sebäpli doly amala aşyryp bilmeýär).

12. Jenaýatçylyk ýoly bilen alnan maliýe serişdesine ýa-da başga emläge eýelik edilmegine, ulanmagyna we ygtyýar edilmegine kanuny görnüş bermek maksadynyň bolmagy Türkmenistanyň JK-nyň 263-nji maddasynda göz öňünde tutulan jenaýatyň hökmany alamaty bolup, bu ýagdaýlar amala aşyrylan degişli maliýe operasiýalarynyň ýa-da geleşikleriniň häsiýetlerini görkezýän işiň hakyky ýagdaýlary esasynda, şeýle hem onuň bilen bagly günäkäriň we beýleki gatnaşyjylaryň emlägiň jenaýatçylykly ýol bilen alnan faktyny gizlemeklige we onuň erkin dolanyşygyna goýberilmegine mümkinçilik berilmegine gönükdirilen hereketleri bilen hem anyklanyp bilner.

Şunuň bilen birlikde, diňe ýokarda agzalyp geçilen maliýe operasiýalarynyň ýa-da geleşikleriň amala aşyrylmagynyň özi, kazyýetiň günäkäri jenaýatçylykly ýol bilen alnan maliýe serişdesini ýa-da başga emlägi kanunlaşdyrmakda günälidigi baradaky gelen netijesini öňünden çözüp bilmez. Her bir anyk iş boýunça ähli ýagdaýlar nazara alnyp, günäkäriň maliýe operasiýasyny ýa-da geleşigi şol maliýe serişdelerine ýa-da başga emläklere eýelik etmek, ulanmak we ygtyýar etmek üçin kanuny görnüş bermek maksady bilen amala aşyrandygynyň anyklanmagy hökmanydyr.

13. Eger-de, günäkär jenaýatçylykly ýol bilen edinilen maliýe serişdesini ýa-da başga emlägi kanunlaşdyrmak maksady bilen satyn almak-satmak geleşigini baglaşyp, satyn alyjy hem ol ýagdaýlary bilip, deslapdan dilleşik boýunça ol maliýe serişdesini ýa-da başga emlägi uly möçberde, eýelik edilmegine, ulanylmagyna we ygtyýar edilmegine kanuny görnüş bermek maksady bilen edinen bolsa, onda olaryň hereketleri Türkmenistanyň JK-nyň 263-nji maddasynyň 3-nji bölegi bilen maddalaşdyrylmaga degişlidir.

14. Türkmenistanyň JK-nyň 263-nji ýa-da 258-nji maddalarynda göz öňünde tutulan jenaýatlar haçan-da şu maddalarda göz öňünde tutulan jenaýatlar iki ýa-da şondan-da köp gezek edilen bolsa gaýtadan edilen diýlip hasap edilip bilner.

Şunda ozalky edilen jenaýat üçin adama iş kesilendiginiň ýa-da iş kesilmändiginiň ähmiýeti ýokdur. Eger günäkär ozalky eden jenaýaty üçin

Türkmenistanyň JK-nyň 73-nji maddasynda görkezilen wagt möhletiniň dolmagy bilen jenaýat jogapkärçiligine çekilmekden boşadylmaga degişli bolmasa, jenaýat jogapkärçiliginden ýa-da jezadan boşadylmadyk bolsa, şeýle-de iş kesilen halatynda iş kesilenlik aýyby öz-özünden aýrylan ýa-da aýrylan bolmasa, onuň eden jenaýaty gaýtadan edilen jenaýat hökmünde maddalaşdyrylmalydyr.

15. Türkmenistanyň JK-nyň 263-nji ýa-da 258-nji maddalarynda göz öňünde tutulan jenaýatlaryň uly möçberde edilen diýlip bilinmegi üçin, bikanun, şol sanda jenaýatçylyk ýol bilen edinilen pul serişdeleriniň ýa-da gaýry emlägiň bahasy jenaýat edilen pursatyna çenli Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilen binýatlyk mukdarynyň ýüzüsinden geçmelidir (Türkmenistanyň JK-nyň 263-nji ýa-da 258-nji maddalarynda berlen Bellikler).

16. Türkmenistanyň JK-nyň 263-nji ýa-da 258-nji maddalarynda göz öňünde tutulan jenaýatlaryň deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan ýa-da guramaçylykly topar tarapyndan edilendigi baradaky meseläni çözenlerinde kazyýetler Türkmenistanyň JK-nyň 31-nji maddasynyň talaplaryndan ugur almalydyrlar.

Agzalyp geçilen jenaýatlary bilelikde etmek hakynda oňa deslapdan dilleşmek boýunça iki we şondan-da köp adam gatnaşsa, deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan edilen jenaýat hasap edilýär, eger-de bir ýa-da birnäçe jenaýatlary etmek üçin öňünden birleşen adamlaryň durnukly topary tarapyndan jenaýat edilse, onda jenaýat guramaçylykly topar tarapyndan edilen diýlip hasap edilmelidir.

Türkmenistanyň JK-nyň 263-nji maddasynda göz öňünde tutulan jenaýat guramaçylyk topar tarapyndan edilende, onuň düzümine jenaýat netijesinde edinilen maliýe serişdesini ýa-da başga emlägi kanunlaşdyrylmagyna gönüden-göni gatnaşan adamlardan başga-da, jenaýata beýleki gatnaşyjylar hem girip bilerler.

Jenaýatyň guramaçylykly topar tarapyndan taýýarlanylmagyna we amala aşyrylmagyna gatnaşan, onuň ähli agzalarynyň hereketleri, jenaýat edende haýsy wezipeleri ýerine ýetirendiklerine garamazdan (meselem, ýerine ýetiriji, guramaçy, meçew beriji ýa-da ýardam beriji), Türkmenistanyň JK-nyň 30-njy maddasyna salgylanylmazdan, Türkmenistanyň JK-nyň 263-nji maddasynyň 2-nji böleginiň “b” bendi ýa-da 258-nji maddasynyň 4-nji böleginiň “ç” bendi bilen maddalaşdyrylmalydyr.

17.Türkmenistanyň JK-nyň 263-nji maddasynyň 2-nji böleginiň “ç” bendinde göz öňünde tutulan jenaýatyň döwlet gullukçysy ýa-da oňa deňleşdirilen adam tarapyndan edilen bolmagy üçin, ol jenaýatyň ol adamlar tarapyndan öz gulluk ýagdaýlaryny peýdalanmak arkaly etmeklerine düşünmeli.

Döwlet gullukçysy baradaky düşünje “Döwlet gullugy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynda kesgitlenendir, oňa laýyklykda, döwlet gullukçylarynyň wezipeleriniň sanawynda görkezilen wezipäni eýeleýän we döwlet gullugynyň öňünde durýan wezipeleri durmuşa geçirmek boýunça işi amala aşyrýan adamlar döwlet gullukçysy hasap edilýärler.

Döwlet edaralarynda işläp we şol edaralara tehniki taýdan hyzmat edýän ýa-da kömekçi wezipeleri ýerine ýetirýän adamlar döwlet gullukçylarynyň hataryna girmeýärler.

Döwlet gullukçysyna deňeşdirilýän adam diýlip bolsa, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde welaýat, etrap, şäher halk maslahatlaryna, Geňeşlere saýlanan, saýlawly döwlet wezipelerine dalaşgär hökmünde bellige alnan raýatlar, şeýle hem esaslyk maýasynda döwletiň paýy ýigrimi bäş göterimden az bolmadyk kärhanalarda we guramalarda guramaçylyk-serenjam berijilik, administratiw-hojalyk ýa-da gözegçilik-derňew ygtyýarlyklaryny ýerine ýetirýän adamlaryň hasap edilýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli (Türkmenistanyň JK-nyň 196-nji maddasynda berlen Bellik).

18. Jenaýatçylykly ýol bilen alnan pul serişdeleriniň ýa-da başga emlägiň kanunlaşdyrylmagyny (Türkmenistanyň JK-nyň 263-nji maddasy), görnetin jenaýatçylyk ýoly bilen ele salnan emlägiň öňünden boýun alynman satyn alynmagyndan ýa-da satylmagyndan (Türkmenistanyň JK-nyň 258-nji maddasy) tapawutlandyrýan esasy alamatlaryň biri, ol hem görnetin jenaýatçylyk ýoly bilen ele salnan emlägiň öňünden boýun alynman satyn alynmagy ýa-da satylmagy günäkär tarapyndan ol emläkleriň eýelik edilmegine, ulanmagyna we ygtyýar edilmegine kanuny görnüş bermek maksady bolmazdan amala aşyrylýandygyndadyr.

Türkmenistanyň JK-nyň 258-nji maddasynda göz öňünde tutulan hereketler bilen ele salnan emläkleriň satyn alynmagy ýa-da satylmagy diýlip, görnetin jenaýatçylyk ýoly bilen edinilen emlägiň öňünden boýun bolman islendik görnüşde pully ýa-da pulsuz alynmagyna ýa-da berilmegine düşünilmelidir (meselem, satyn alynmagyna ýa-da satylmagyna, sowgat berilmegine, çalşylmagyna, bergini tölemegiň hasabyna berilmegine ýa-da alynmagyna, karz berilmegine we ş.m.).

19. Günäkäriň görnetin jenaýatçylyk ýoly bilen ele salnan emlägi satyn almagy ýa-da satmagy käbir halatlarda esasy jenaýata gatnaşyjy hökmünde hem garalyp bilner (meselem, ogurlyk etmeklige gatnaşyjy hökmünde), haçanda günäkär tarapyndan ogurlyk edilmezinden öň ýa-da edilmeginiň dowamynda ogurlyk edýäne jenaýat netijesinde edinilen emlägi almaklyga söz berlen bolsa ýa-da ogurlygyň edilmegi netijesinde edinilen emlägiň şol bir satyn alýan adama yzygiderli ýerlenilip, soňkynyň hereketleri ogurlyk edýände ogurlan emläkleriniň satyn alynjakdygyna umyt baglamagyna esas döreden bolsa.

20. Günäkäriň hereketleri Türkmenistanyň JK-nyň 263-nji ýa-da 258-nji maddalary bilen maddalaşdyrylanda, onuň maliýe operasiýasy we beýleki geleşikleri amala aşyrýan emläginiň, şol sanda jenaýatçylykly ýol bilen alnan ýa-da satan emläginiň görnetin jenaýatçylykly ýol bilen alnan emläkdigini bilendiginiň anyklanmagy hökmanydyr.

Şunda, kanunyň manysyna görä, günäkäriň emlägiň jenaýatçylyk ýoly bilen edinilen emläkdigini bilmegi ýeterlikdir, onuň esasy jenaýatyň anyk ýagdaýlaryndan habarly bolmagy talap edilmeýär.

21. Türkmenistanyň JK-nyň 258-nji maddasynda görkezilen Bellige laýyklykda, günäkäriň şol maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan jenaýaty etmekde günäli bilinmegi üçin, görnetin jenaýatçylyk ýoly bilen ele salnan emlägiň bahasynyň, jenaýat edilen pursatyna çenli Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilen binýatlyk mukdarynyň bäş essesi möçberinden geçmelidigine

kazyýetleriň ünsüni çekmeli, sebäbi emlägiň gymmaty şol möçberden geçmedik halatynda onuň hereketleri jenaýat hasap edilmeýär we Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksiniň 96-njy maddasynda göz öňünde tutulan administratiw hukuk bozulmanyň alamatlaryny emele getirýär.

22. Türkmenistanyň JK-nyň 263-nji ýa-da 258-nji maddalarynda göz öňünde tutulan jenaýatlary etmekde günäli bilnen adamlar barada emlägi muzdsuz almaklyk, şeýle-de iş boýunça jenaýatyň närsesi, guraly bolup geçen maddy subutnamalar baradaky mesele çözülende, degişlilikde Türkmenistanyň JK-nyň 50-nji maddasynyň we Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 130-njy maddasynyň talaplaryndan ugur alnyp netijä gelinmelidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

23. Kazyýetler işe seredenlerinde Türkmenistanyň JK-nyň 263-nji we 258-nji maddalarynda göz öňünde tutulan jenaýatlaryň edilmegine, raýatlaryň hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň bozulmagyna, şeýle hem deslapky derňewde kanunyň talaplarynyň doly berjaý edilmezligine şert döreden ýagdaýlary anyklap, esaslar bar bolan mahalynda hususy kesgitnama (karar) çykaryp, onuň üsti bilen degişli döwlet we beýleki edaralaryň, jemgyýetçilik birleşikleriniň ýa-da wezipeli adamlaryň kanunyň bozulmagynyň iş boýunça anyklanan hakyky ýagdaýlaryna, jenaýat edilmegine ýol açan hem-de degişli çäreler görülmegini talap edýän sebäplere we şertlere ünsüni çekmelidirler.

24. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri jenaýatçylykly ýol bilen alnan pul serişdeleriniň ýa-da gaýry emlägiň kanunlaşdyrylmagy hem-de görnetin jenaýatçylyk ýoly bilen ele salnan emlägiň satyn alynmagy ýa-da satylmagy bilen bagly jenaýatlar barasyndaky işleriň aşaky kazyýetler tarapyndan dogry we öz wagtynda seredilmegine kazyýet gözegçiligini güýçlendirmelidirler we kanunyň talabynyň bozulmagyna ýol berlen ýagdaýlaryň ýüze çykarylan halatynda, olary düzetmek boýunça degişli çäreleri görmelidirler, şeýle hem şu görnüşli işleri umumylaşdyrmak arkaly, kazyýetlere iş tejribe kömegini yzygiderli bermelidirler.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy G.Ussanepesow

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy J.Açylow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ
PLENUMYNYŇ
K A R A R Y № 10

2021-nji ýylyň 18-nji dekabry Aşgabat şäheri

Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň hak isleýiş wagtynyň möhletleri baradaky kadalaryny ulanmak bilen bagly käbir meseleler hakynda

(17.02.2024 ý. № 3; 19.07.2025 ý. № 4; 18.10.2025 ý. № 10; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Türkmenistanyň kanunçylygyna soňky ýyllarda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen baglylykda, şeýle hem Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň hak isleýiş wagtynyň möhletleri baradaky kadalarynyň kazyýetler tarapyndan dogry we birmeňzeş ulanylmagyny üpjün etmek maksady bilen, "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Plenum,

K A R A R E D Ý Ä R:

1. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 60-njy, 61-nji maddalaryna laýyklykda, her bir adamyň at-abraýynyň we mertebesiniň, şeýle hem Konstitusiýada hem-de kanunlarda göz öňünde tutulan hukuklarynyň we azatlyklarynyň goralmagyny we bikanun hereketler bilen özüne ýetirilen maddy zyýanyň öwezиniň dolunmagyny kazyýet tertibinde talap etmäge bolan hukugy kepillendirilip, bu hukuklaryň goralmagynyň tertibi Türkmenistanyň kanunçylygynda düzgünleşdirilip, olaryň goralmagy üçin, hak isleýiş wagt möhletiniň kesgitlenendigine, şol sebäpli hem hak isleýiş wagtynyň möhleti geçirilip berlen talaplar boýunça işiň ýagdaýlarynyň doly barlanyp, onuň geçirilmeginiň sebäbiniň anyklanmalydygyna we hak isleýiş wagtynyň möhletini ulanmak baradaky mesele çözülende kanunçylygyň talaplarynyň berk berjaý edilmelidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

2. Başga bir şahsdan haýsy-da bolsa bir hereketi etmegi ýa-da şol hereketi etmekden saklanmagy talap etmek hukugy kanunçylykda wagt möhleti bilen çäklendirilendir.

Hak isleýiş wagtynyň möhleti diýlip bozulan hukugy goramak üçin kazyýete hak isleg bilen ýüz tutmak üçin kanun bilen kesgitlenen möhlete düşünilýär.

Taraplaryň özara ylalaşyk esasynda kanunda bellenen hak isleýiş wagtynyň möhletiniň dowamlylygyny uzaltmaga ýa-da gysgaltmaga, hasaplamagyň pursatyny, tertibini üýtgetmäge, togtamagynyň esasyny we arakesmäniň dowamlylygyny üýtgetmäge hukuklarynyň ýokdugyny kazyýetlere düşündirmeli.

3. Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň (mundan beýläk Türkmenistanyň RIÝK-nyň) 153-nji maddasynda göz öňünde tutulan, hak isleýiş arzasyny kabul etmekden ýüz döndermegiň esaslarynyň sanawynyň gutarnyklydygyny nazara alyp, kazynyň diňe hak isleýiş wagtynyň möhletiniň geçendigi bilen bagly esas boýunça hak isleýiş arzasyny kabul etmekden ýüz

döndermäge hakynyň ýokdugyna we hak isleýiş arzasynyň önümçilige kabul edilip, diňe jogap beriji tarapyň hak isleýiş wagt möhleti ulanmak baradaky arzasy esasynda hak isleýiş wagtynyň möhletiniň esasly sebäpler boýunça geçendigi ýa-da geçmändigi baradaky meseläniň kazyýet seljerişinde işiň ähli ýagdaýlarynyň doly we hemmetaraplaýyn barlanyp, çözülmelidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

4. Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň (mundan beýläk Türkmenistanyň RK-nyň) 165-nji maddasyna laýyklykda, hak isleýiş wagtynyň möhleti geçenden soň, borçly şahsyň ony ýerine ýetirmekden ýüz döndermäge hukugynyň bardygy sebäpli, kazyýetiň hak isleýiş wagtynyň möhletiniň esassyz sebäplere görä geçirilendigi barada netijä gelen halatynda, bu anyklanan ýagdaýyň talabyň kanagatlandyrylman galdyrylmagyna esas bolup bilýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

5. Kazyýetler Türkmenistanyň RK-nyň "Hak isleýiş wagtynyň möhletleri" atly IV bölüminiň II babynda hak isleýiş wagtynyň geçen möhletini, ol esasly sebäplere görä geçirilen hem bolsa, kazyýetiň öz başlangyjy bilen ony dikeltmäge bolan hukugy baradaky kadalaryň göz öňünde tutulmandygyna üns bermelidirler.

Oňa görä-de, Türkmenistanyň RIÝK-nyň 14-nji maddasyndan (ygtyýar edijilik) ugur alnanda, kazyýetiň hak isleýiş wagtynyň möhletini öz başlangyjy bilen ulanmagyna ýol berilmeýändigini, onuň bu meseläni çözmeklige iş boýunça çözgüt kabul edilmänkä jogap berijiniň (şol sanda garşylyklaýyn hak islegi bildirilende jogap beriji bolup geçýäniň) hak isleýiş wagt möhletini ulanmak barada arzany kazyýete beren halatynda girişip bilýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

6. Hak isleýiş wagtynyň möhletini ulanmak baradaky arza bilen kazyýete diňe jogap berijiniň ýüz tutmaga hukugynyň bardygyna, iş boýunça jogap beriji tarapdan işe üçünji tarap hökmünde çekilen şahsyň hem şeýle arzany bildirip bilmeýändigine, muňa jogap berijä bildirilen hak islegi kanagatlandyrylan halatynda jogap beriji tarapdan üçünji şahsa regres talabynyň ýa-da ýitginiň öwezиniň dolunmagy hakyndaky talabyň bildirilmeginiň mümkin bolan ýagdaýlarynyň degişli däldigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Hak isleýiş wagt möhletini ulanmak baradaky arzanyň jogap beriji tarapyndan, işe taýýarlyk döwründe-de, kazyýet seljerişiniň dowamynda hem bildirilip bilinýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

7. Türkmenistanyň RIÝK-nyň 46-njy maddasyna laýyklykda, hak isleýiş wagtynyň möhletiniň geçendigi barada arzany subut etmek güzaby (borjy) jogap berijä degişlidir.

Eger-de, hak isleýiş wagtynyň geçmegi togtama ýa-da arakesme bilen bagly bolman, hak isleýji fiziki şahsyň şahsyýeti bilen bagly beýleki esasly sebäbe görä (mysal üçin, onuň agyr syrkawlandygy sebäpli) geçirilen hasap edilip, hak isleýji tarapyndan jogap berijiniň hak isleýiş wagtynyň geçendigi baradaky arzasyna garşy haýyşnama bildirlip, möhletiň esasly sebäplere görä geçen diýip ykrar etmek barada talap bildiren halatynda bolsa, bu ýagdaýlary subut etmek güzabynyň (borjunuň) hak isleýjä degişli bolýandygyny kazyýetlere düşündirmeli.

Şunuň bilen baglylykda, hak isleýiş wagtynyň möhletini ulanmak hakynda arza berlen her bir iş boýunça kazyýetler tarapyndan Türkmenistanyň RIÝK-nyň 15-nji we 179-njy maddalarynyň talaplarynyň berk berjaý edilmelidigine, dogruçyllygyň

we tarapgöýsüzligiň saklanyp, işe gatnaşýan adamlara olaryň hukuklarynyň we borçlarynyň bellenen tertipde düşündirilmelidigine, şol sanda iş ýörediş hereketlerini amala aşyrmagyň ýa-da amala aşyrmazlygyň netijeleri hakynda olaryň duýdurylmalydygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

8. Hak isleýiş wagtynyň möhletiniň geçendigi baradaky jedel boýunça jogap berijiniň arzasy ýazmaça bolmalydyr ýa-da bu barasynda kazyýet seljerişiniň dowamynda dilden beýan edilmelidir, dilden beýan edilen arza barada kazyýet mejlisiniň teswirnamasynda görkezilmelidir.

Hak işleýiş wagtynyň möhletiniň ulanylmagy talap edilýän her bir jedele seredilende, işiň ýagdaýlarynyň doly we hemmetaraplaýyn anyklanmagynyň möhümdigine we şeýle edilmeginiň talabyň düýp manysy boýunça dogry çözülmegine hem ýardam berip biljekdigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

9. Türkmenistanyň RK-nyň 149-njy maddasyna laýyklykda, hak isleýiş wagtynyň umumy möhleti on ýyldyr, bu möhlet kazyýetiň kanuny güýje giren çözgüdi bilen tassyklanan talaplar boýunça hem degişlidir (Türkmenistanyň RK-nyň 163-nji maddasy).

Hak isleýiş wagtynyň möhletiniň şu aşakdakylara degişli edilmeýändigine kazyýetler üns bermelidirler:

a) eger kanunda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, emläkleýin däl şahsy hukuklara;

b) şahsyň janyna ýa-da saglygyna ýetirilen zeleliň öwezini töletmek hakyndaky talaplara (şunda zeleli töletmek hukugynyň ýüze çykan pursadyndan beýläk üç ýyl geçenden soň bildirilen talaplar geçen wagt üçin hak isleýşiň bildirilen mahalynyň öň ýanyndaky üç ýyldan köp bolmadyk wagt üçin kanagatlandyrylýar);

ç) banklara we beýleki karz edaralaryna goýlan goýumlar barasynda goýumçylaryň talaplaryna.

10. Türkmenistanyň RK-nyň 150-nji maddasynda hak isleýiş talaplarynyň aýry-aýry görnüşleri boýunça hak isleýiş wagtynyň ýörite möhletleri bellenendir.

Oňa laýyklykda, şertnamalaýyn talaplar boýunça hak isleýiş wagtynyň möhleti üç ýyldyr, gozgalmaýan zatlar bilen baglanyşykly bolan şertnama talaplary boýunça alty ýyldyr, wagtal-wagtal ýerine ýetirilmeli borçnamalardan gelip çykýan talaplar boýunça bolsa hak isleýiş wagtyň möhleti üç ýyldyr, şeýle-de onda aýry-aýry halatlarda kanunda hak isleýiş wagtynyň, başga möhletleriniň hem göz öňünde tutulyp bilinýändigi görkezilýär, ýagny bu sanawyň üstüniň ýetirilmegi beýleki kanunlarda hem görkezilmegine ýol berilýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Şunda hak isleýiş wagtynyň ýörite möhletleriniň Türkmenistanyň RK-nyň beýleki maddalarynda hem göz öňünde tutulandygyna kazyýetler aýratyn üns bermelidirler, mysal üçin, zady yzyna satyn almagyň wagt möhleti bäş ýyldan soň tamamlanýar (Türkmenistanyň RK-nyň 549-njy madda), aldaw arkaly baglaşylan geleşik babatynda dawalaşmak üçin möhlet bir ýyldan soň tamamlanýar (Türkmenistanyň RK-nyň 110-njy maddasy), ýük daşamakdan gelip çykýan hukuklar boýunça hak isleýiş wagt möhleti bir ýyldan soň tamamlanýar (Türkmenistanyň RK-nyň 752-nji maddasy) we başgalar.

Esasy talap boýunça hak isleýiş wagt möhletiniň geçmegi bilen şol talap bilen baglanyşykly goşmaça borçlar hem, hat-da bu goşmaça borçlar boýunça hak isleýiş wagtynyň aýratyn möhleti geçmedik bolsa-da hak isleýiş wagt möhletiniň tamamlanýandygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli (Türkmenistanyň RK-nyň 166-njy maddasy).

11. Är-aýalyň biri-birine talaplary boýunça hak isleýiş wagtynyň möhletiniň geçmegi olaryň arasyndaky nika näçe wagta çenli dowam edýän bolsa, bütin şol wagta laýyk togtadylan hasap edilýändigini we är-aýalyň bilelikde edinen emlägini bölmek hakyndaky talaplara, olaryň nikasyny bellenen tertipde bozanlaryndan soň üç ýyllyk wagt möhletiniň ulanylýandygyny (Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 56-njy maddasy) kazyýetlere düşündirmeli.

12. Hak isleýiş wagtynyň möhletiniň geçendigi barada arza berlen raýat işlerine seredilende, hak isleýiş wagt möhletiniň dogry hasaplanylmagy üçin möhletiň ilki başlanýan pursatynyň kesgitlenmeginiň zerurdygyna we Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 149-njy maddasyna laýyklykda, hak isleýiş möhleti talabyň ýüze çykan pursatyndan başlap, şeýle-de eger talap haýsy-da bolsa bir hereketi etmekden saklanmak zerurlygyndan ybarat bolsa, onda hak isleýiş wagtynyň möhleti ýokarda görkezilen hereketiň edilen pursatyndan geçip başlaýandygyna kazyýetler üns bermelidirler.

Eger-de, talabyň ýüze çykmagy diňe bir algydaryň hereketine bagly bolman, bergidaryň hem belli bir hereketleri etmegi bilen bagly bolsa, onda hak isleýiş wagtynyň möhleti bergidaryň şol hereketleri etmeklikden ýüz dönderýändiginiň bilnen ýa-da bilinmeli pursatyndan hasaplanyp başlanýar. Mysal üçin, eger-de satyn almak-satmak şertnamasy boýunça satyjy satyn alnan harydyny satyn alyja eltip bermegi borçlanyp, diňe şondan soň harydyň bahasyny talap edip bilýän bolsa, hak isleýiş wagtynyň möhletiniň geçmeginiň başlanmagy şertnama baglaşylan pursatyndan däl-de, harydyň alyja eltilenden soň, soňkynyň harydyň bahasyny tölemekden boýun gaçyrýandygynyň bilnen ýa-da bilinmeli pursatyndan başlanýar.

13. Hak isleýiş wagt möhletiniň kanunda bellenen tertipde togtadylan ýa-da arakesme wagta gabat gelýän hasap edilen halatynda, şol döwürde geçirilen möhlet hak isleýiş wagtynyň möhletiniň geçmeginiň hasabyna alynmaýar.

Oňa görä-de, kazyýet tarapyndan işe seredilende hak isleýiş wagtynyň möhletiniň geçmeginiň onuň togtadylan ýa-da arakesme wagta gabat gelýändigi anyklansa, bu barada diňe kazyýetiň çözgüdiniň delillendiriş böleginde görkezmek ýeterlikdir, çözgüdiň karara geliş böleginde geçen hak isleýiş wagtynyň möhletiniň dikeldilýändigi barada görkezmek talap edilmeýär.

14. Hak isleýiş wagt möhletiniň geçmeginiň hukuk esaslary boýunça (Türkmenistanyň RK-nyň 153-nji maddasy), hakykat ýüzündäki ýagdaýlar boýunça Türkmenistanyň RK-nyň 154-nji maddasy), maşgala ýagdaýlary sebäpli (Türkmenistanyň RK-nyň 155-nji maddasy) we kämillik ukyby çäklendirilen şahslar barasynda (Türkmenistanyň RK-nyň 157-nji maddasy) togtadylan hasap edilýändigini we hak işleýiş wagt möhletiniň arasynyň Türkmenistanyň RK-nyň 158-nji we 162-nji maddalarynda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda kesilýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

15. Doly raýat kämillik ukybyna ýa-da iş ýörediş kämillik ukybyna eýe bolmadyk şahslaryň (mysal üçin, kiçi ýaşly çagalaryň, kamillik ukyby bolmadyklaryň) hukuklarynyň bozulan halatynda, kazyýete ýüz tutmak hak isleýiş wagt möhletiniň geçip başlamak möhletiniň, olaryň hukuklarynyň bozulandygy barada kanuny wekilleriniň (ata-eneleriniň ýa-da hossarlarynyň, howandarlarynyň) bilen ýa-da bilmeli bolan pursatyndan hasaplanyp başlanýandygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Eger-de, şahsyň kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen ýa-da kämillik ukyby çäklendirilen bolsa, onda olar üçin hak isleýiş wagt möhletiniň geçip başlamak möhleti olara degişlilikde hossaryň ýa-da howandaryň bellenip, soňkylaryň hukugyň bozulandygyny bilen ýa-da bilmeli bolan pursatyndan başlanýar, haçanda olara degişlilikde hossar ýa-da howandar bellenilmän galan bolsa, onda olar üçin hak isleýiş wagtynyň möhletiniň geçip başlamagy, kazyýet tarapyndan olaryň kämillik ukyply diýlip ykrar edilen ýa-da kämillik ukybynyň çäklendirilmegi ýatyrylan wagtyndan soň olaryň hukuklarynyň bozulandygy barada bilen ýa-da bilmeli pursatyndan hasaplanyp başlanýar.

Türkmenistanyň RIÝK-nyň 9-njy maddasyna laýyklykda, şahsyň hukuklaryny, azatlyklaryny we kanuny bähbitlerini goramak üçin, degişli döwlet edaralarynyň ýa-da prokuroryň kanunda göz öňüne tutulan tertipde beýleki adamlaryň hukuklarynyň we kanun bilen goralýan bähbitleriniň goragy hakynda arza (hak isleýiş arzasy) bilen kazyýete ýüz tutan halatynda hem hak isleýiş wagtynyň möhletiniň geçip başlamak möhletiniň hukuklarynyň goralmagy soralýan şahslaryň ýa-da eger-de olar doly raýat kämillik ukybyna ýa-da iş ýörediş ukybyna eýe däl bolsalar, onda olaryň hossarlarynyň, howandarlarynyň, olaryň hukuklarynyň bozulandygyny bilen ýa-da bilmeli bolan pursatyndan hasaplanyp başlanýandygyna kazyýetler üns bermelidirler.

16. Türkmenistanyň RIÝK-nyň 128-nji maddasyna laýyklykda, hukuklaryň we borçlaryň hukuk oruntutarlyk tertibinde geçmeginiň (miras almak, ýuridik şahsyň üýtgedilip gurulmagy, zada eýeçilik hukugynyň geçmegi, talap etmek hukugyny başga birine bermek we ş.m.) hak isleýiş wagt möhletiniň geçip başlanmagyna we ony hasaplamagyň tertibine täsir etmeýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

Hukuk oruntutar üçin ol işe girişýänçä iş ýöredişde amala aşyrylan ähli hereketler hökmany bolup duryandygy sebäpli, talabyň kazyýetde seredilýän wagty işe çekilen hukuk oruntutar jogap berijiden hak isleýiş wagt möhletini ulanmak hakynda gaýtadan arza (haýyşnama) almak talap edilmeýär.

17. Türkmenistanyň RK-nyň 149-njy maddasynyň 3-nji böleginiň 1-nji bendinde göz öňünde tutulan ýagdaýlarda hak isleýiş wagt möhletiniň ulanylmagyna ýol berilmeýär, emma muňa garamazdan jogap beriji tarapyndan hak isleýiş wagtynyň möhletini ulanmak hakynda arza berlip, bu ýagdaýlar barada degişli deliller getirilýän bolsa, onda kazyýetler işe seredenlerinde ondan degişli subutnamalaryň getirilmegini talap edip, işiň bu ýagdaýlaryny hem doly we hemmetaraplaýyn barlamalydyrlar we jogap berijiniň hak isleýjiniň talabyna wagt möhletini ulanmak baradaky arzasynyň esaslydygy ýa-da esassyzdygy baradaky meseläni çözmelidirler.

Şunda, zat eýesiniň ýa-da başga eýelik edijiniň öz hukuklarynyň islendik bozulmalarynyň, eger-de bu bozulmalar eýelik etmekden mahrum edilmegi bilen bagly bolmasa, päsgelçiligi aradan aýyrmak barada kazyýete talap bildirende, muňa hak isleýiş wagtynyň möhletiniň ulanylmaga degişli däldigine üns berilmelidir.

18. Türkmenistanyň RIÝK-nyň 237-nji maddasyna laýyklykda, kazyýet anyklanan ýagdaýlarda hak isleýiş wagtynyň möhletiniň we kazyýete ýüz tutmak möhletiniň geçirilmeginiň sebäpleriniň esassyzdygyny ykrar etmek bilen baglanyşykly hak islegini kanagatlandyrmakdan ýüz döndermek barada netijä gelen halatynda, kazyýetiň çözgüdiniň delillendiriş böleginde diňe bu ýagdaýlaryň kazyýet tarapyndan anyklanandygynyň görkezilmegi ýeterlikdir.

Hak isleýjiniň yglan eden haýyşnamasy we beren subutnamalary esasynda hak isleýiş wagt möhletiniň hak isleýjiniň şahsy ýagdaýlary bilen bagly (onuň agyr ýarawsyzlygy, kömeksiz ýagdaýda galmagy, uzak wagtlap gulluk iş saparynda bolmagy we ş.m.) esasly sebäpler boýunça geçendigi anyklanyp, kazyýetiň hak isleýiş wagt möhletiniň geçmeginiň sebäplerini esasly diýip ykrar etmek bilen, hak islegini kanagatlandyrmak barada netijä gelen halatynda hem, kazyýetiň çözgüdiniň delillendiriş böleginde bu ýagdaýlaryň kazyýet tarapyndan anyklanandygynyň delillendirmesiniň görkezilmeginiň ýeterlikdigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Kazyýetiň çözgüdiniň karara geliş böleginde bolsa, degişlilikde hak islegini kanagatlandyrmak hakynda ýa-da kanagatlandyrmakdan ýüz döndermek hakynda kazyýetiň anyk netijesi görkezilmelidir (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 237-nji maddasynyň 6-njy bölegi).

19. Hak isleýiş wagtynyň möhleti kazyýet goragy üçin ýüz tutulan pursatyndan, şol sanda kazyýet buýrugynyň çykarylmagy hakyndaky arzanyň kazyýete berlen gününden başlap, eger-de şeýle arza önümçilige alnan bolsa geçmeýär.

Kazyýete ýüz tutulan güni diýlip, hak isleýiş arzanyň poçta guramasyna tabşyrylan ýa-da gönüden-göni kazyýete berlen güni hasaplanýar.

20. Eger-de kazyýet tarapyndan, Türkmenistanyň RIÝK-nyň 153-nji maddasynda göz öňünde tutulan esaslarda arzany kabul etmekden ýüz dönderilen bolsa ýa-da Türkmenistanyň RIÝK-nyň 154-nji maddasynda göz öňünde tutulan esaslarda arza hereketsiz galdyrylyp, soňra kemçilikleriň bellenen möhletde düzedilmändigi sebäpli yzyna gaýtarylan bolsa, onda hak isleýiş wagtynyň möhleti geçmegini dowam edýär.

Hak isleýji tarapyndan kazyýetiň hak isleýiş arzasyny hereketsiz galdyrmak hakyndaky kesgitnamasynda beýan edilen talaplaryň öz wagtynda ýerine ýetirilen halatynda, şeýle-de hak isleýiş arzany kabul etmekden ýüz döndermek ýa-da gaýtarmak hakynda, şol sanda kazyýet buýrugynyň çykarylmagy baradaky arzany kabul etmekden ýüz döndermek ýa-da gaýtarmak hakynda kesgitnamanyň sökülen halatynda, bildirilen arzalar olaryň kazyýete ilkibaşdaky gelen gününden berlen diýip hasap edilýändigine kazyýetler üns bermelidirler (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 143-nji we 154-nji maddalary).

21. Hak islegi bildirilmänkä başlan hak isleýiş wagtynyň möhletiniň geçmegi, kazyýetiň Türkmenistanyň RIÝK-nyň 261-nji maddasynda göz öňünde tutulan esaslarda arzany seretmän galdyrmak ýa-da Türkmenistanyň RIÝK-nyň 259-njy

maddasyna laýyklykda, iş boýunça önümçiligi bes etmek hakyndaky kesgitnamalarynyň güýje girmegi bilen, şeýle hem Türkmenistanyň RIÝK-nyň 147-nji maddasynda bellenen tertipde kazyýet buýrugy hakyndaky kesgitnamanyň sökülen pursatyndan dowam edýär.

22. Hak isleýiş wagt möhletiniň geçmeginiň arasynyň borçly şahs tarapyndan berginiň ykrar edilýändigine şaýatlyk edýän hereketleriň amala aşyrylmagy bilen hem kesilýändigine kazyýetler üns bermelidirler (Türkmenistanyň RK-nyň 158-nji maddasy).

Berginiň ykrar edilmegine şaýatlyk edýän hereketlere, hususan-da nägileligiň ykrar edilmegi; ygtyýarly şahs tarapyndan, bergidaryň bergisiniň bardygyny ykrar edýänligi gelip çykýan şertnamanyň üýtgedilmegi, şol sanda bergidaryň şertnamanyň şeýle üýtgedilmegi baradaky (mysal üçin, tölegiň yza süýşürilmegi ýa-da bölekleýin tölemek baradaky) haýyşy; ygtyýarly şahs tarapyndan gol çekilen özara hasaplaşyklaryň deňeşdirme delilnamasy we ş.m. degişli bolup biler.

Berginiň ykrar edilýändigini görkezmeýän, nägile bolnup ýazylan jogabyň özi berginiň ykrar edilýändigine şaýatlyk edip bilmez.

Bergidaryň wekili tarapyndan berginiň ykrar edilýändigi barada şaýatlyk edýän hereketleriň amala aşyrylmagy hem, haçan-da bergidar ol hereketleri öz adyndan amala aşyrmaga wekile degişli ygtyýarlyk beren bolsa nazara alnyp bilner (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 134-nji maddasy).

23. Kazyýetler hak isleýiş wagtynyň möhletini ulanmak barada arza berlen her bir raýat işi boýunça, işiň ýagdaýlaryny doly we hemmetaraplaýyn barlap, jedeliň döremegine sebäp bolan we şert döreden ýagdaýlary anyklamalydyrlar we ýeterlikli esaslar bar bolan mahalynda ýüze çykarylan kanunyň bozulmalary barada bellenen tertipde degişli döwlet we beýleki edaralaryň ýa-da wezipeli adamlaryň ünslerini çekmelidirler.

24. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň raýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri etrap kazyýetleri we etrap hukukly şäher kazyýetleri tarapyndan raýat işlerine seredilende raýat kanunçylygynyň hak isleýiş wagtynyň möhletleri baradaky kadalarynyň dogry berjaý edilişini kazyýet gözegçiliginde saklamalydyrlar hem-de kanunçylygy ulanmakda ýol berilýän kemçilikleri aradan aýyrmak maksady bilen, zerur çäreleri wagtynda görmelidirler, şol sanda umumylaşdyrma işleri geçirip, kazyýetlere degişli iş tejribe kömegini bermelidirler.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy G.Ussanepesow

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy J.Açylow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ
PLENUMYNYŇ
K A R A R Y № 11

2021-nji ýylyň 18-nji dekabry Aşgabat şäheri

Telekeçilik işini alyp barmak bilen bagly işler boýunça kazyýet iş tejribesinde ýüze çykýan käbir meseleler hakynda

(18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3; 19.07.2025 ý. № 4; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Türkmenistanyň kanunçylygyna girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen baglylykda, şeýle hem kazyýetler tarapyndan telekeçilik işini alyp barmak bilen bagly işlere seredilende kanunçylygyň dogry we birmeňzeş ulanylmagyny üpjün etmek maksady bilen, "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendini gollanyp, Plenum

K A R A R E D Ý Ä R:

1. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 134-nji we 47-nji maddalaryna laýyklykda, Türkmenistan döwletimiziň ykdysadyýetiniň bazar gatnaşyklary ýörelgesine esaslanyp, ýurdumyzda telekeçiligiň höweslendirilip we goldanylyp, kiçi we orta işewürligiň ösmegine ýardam edilýändigini nazara alyp, her bir adamyň telekeçilik we kanunda gadagan edilmedik gaýry ykdysady işi üçin öz ukyplaryny we emlägini erkin peýdalanmaga bolan hukugynyň amala aşyrylmagyny üpjün etmek maksady bilen telekeçilik işini alyp barmak bilen bagly işlere seredilende kanunçylygyň talaplarynyň berk berjaý edilmelidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

2. "Telekeçilik işi hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasyna laýyklykda, telekeçilik (hususy iş başyny tutujylyk) – munuň özi raýatlaryň peýda ýa-da girdeji almaga gönükdirilen, öz adyndan hem-de töwekgelçilik edip we emläk jogapkärçiligini öz üstüne alyp ýa-da ýuridik tarapyň - kärhananyň adyndan hem-de emläk jogapkärçiligini onuň öz üstüne alyp amala aşyrýan başlangyçly, özbaşdak işidir, hususy kärhanaçylyk işidir.

Telekeçi Türkmenistanyň kanunçylyk namalary arkaly gadagan edilmedik işiň islendik görnüşini amala aşyrmaga haklydyr.

Telekeçiligiň subýekti-telekeçiler (telekeçilik bilen meşgullanýanlar) bolup, Türkmenistanyň hem-de beýleki döwletleriň fiziki we ýuridik taraplary, şeýle hem raýatlygy bolmadyk adamlar çykyş edýärler.

Telekeçi hukuk ýagdaýyna Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde döwlet belligine alynmagy esasynda eýe bolýar.

Bellige aldyrylman telekeçilik iş bilen meşgullanmaklyk gadagandyr.

Kanun boýunça hususy telekeçilik işiniň iki görnüşi bolup, olaryň birisi hakyna tutma zähmeti ulanmazdan we ýuridik tarapy döretmezden alnyp barylýan

telekeçilik, beýlekisi bolsa, hakyna tutma zähmeti ulanmak we ýuridik tarapy döretmek arkaly amala aşyrylýan telekeçilikdir.

Hususy telekeçiniň amala aşyrýan işleriniň sanawy, şol sanda ýörite rugsat (ygtyýarnama) alnyp amala aşyrylmaly işleriň sanawy "Telekeçilik işi hakynda" we "Işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrmak hakynda" Türkmenistanyň Kanunlaryna laýyklykda Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýär.

3. Kazyýetler kanuny amala aşyrylýan telekeçilik işini, telekeçilik işiniň tertibini we esaslaryny berjaý etmezden peýda ýa-da girdeji almak üçin bikanun alnyp barylan telekeçilik işinden tapawutlandyrmalydyrlar.

Bikanun telekeçilik işi diýlip, telekeçilik işiniň bellenen tertipde döwlet hasabyna alynmazdan ýa-da hökmany ýörite rugsadyň (ygtyýarnamanyň) bolmaly halatynda, ýörite rugsadyň (ygtyýarnamanyň) alynmazlygynda ýa-da ýörite rugsadyň (ygtyýarnamanyň) şertleriniň bozulyp alynyp barylmagyna düşünilýär.

Ýörite rugsadyň (ygtyýarnamanyň) bolmazlygynda telekeçilik işiniň bikanun amala aşyrylmagynyň, onuň getiren netijesine baglylykda Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksiniň 283-nji maddasynda ýa-da Türkmenistanyň JK-nyň 260-njy maddasynda göz öňünde tutulan jogapkärçiligine getirýändigine kazyýetlerň ünsüni çekmeli.

4. Haýsy hem bolsa bir işiň telekeçilik diýlip bilinmegi üçin, hökmany iki ýagdaýyň bolmagy hökmanydyr, ýagny birinjiden, peýda ýa-da girdeji almak boýunça amala aşyrylýan hereketler yzygiderli häsiýete eýe bolmagy üçin, telekeçiligiň hökmany döwlet belligine alynan bolmagy zerurdyr, ikinjiden, şol amala aşyrylýan iş esasy, professional iş hatarynda alnyp barylmalydyr.

Şunda, fiziki şahslar tarapyndan hereketleriň bellenen tertipde raýat-hukuk häsiýetli geleşikleri baglaşylyp amala aşyrylmagynyň telekeçilik işiniň alnyp barylýandygyny aňladyp bilmeýändigine hem kazyýetler üns bermelidirler (meselem, ýaşaýyş jaýynyň ýa-da başga gozgalmaýan emläginň kärendesine berilmegi, ýa-da şahsy emläginň satylmagy we ş.m.). Zähmet şertnamasy boýunça ýerine ýetirilen işler hem telekeçilik işi diýlip hasap edilmeýär.

Kanunçylyga laýyklykda, telekeçilik işi diýlip professional işleriň käbir görnüşleri hem hasap edilip bilinmeýär (meselem, professional adwokatlyk işiniň alnyp barylmagy).

5. Ýuridik tarapy döretmek arkaly amala aşyrylýan telekeçilik işi «Kärhanalar hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda bellenen tertipde döwlet belligine alynmalydyr, ýuridik tarapy emele getirmezden alnyp barylýan telekeçilik işini bellige almak telekeçiniň işiniň ýerleşýän ýerindäki ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary tarapyndan amala aşyrylýar, ony bellige almagyň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilendir.

Telekeçilik işini bellige almakdan boýun gaçyrylmagynyň ýa-da ony bellige almagyň tertibiniň we möhletiniň bozulmagynyň kazyýete şikaýat edilip bilinýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

6. "Telekeçilik işi hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 6-7-nji maddalarynda telekeçiniň hukuklary we borçlary hakynda düzgünler kesgitlenendir.

Oňa laýyklykda, telekeçiniň öz işini amala aşyrmak üçin kärhanalaryň islendik görnüşlerini döretmäge, kärhanalaryň eýeçiligiň haýsy görnüşine degişlidigine garamazdan, şolaryň emlägini, gaýry emlägi, emläk we emläk däl hukuklary doly ýa-da kem-käsleýin edinmäge - satyn almaga, öz emlägi bilen hojalyk ýöredýän beýleki subýektleriň işine gatnaşmaga, taraplaryň ylalaşmagy bilen ýuridik we fiziki taraplaryň emlägini peýdalanmaga, şertnama şertlerinde we kanunda bellenen beýleki şertlerde işgärleri hakyna tutmaga hem-de işden boşatmaga, hakyna durup işleýän adamlaryň zähmetine hak tölemegiň görnüşlerini, ulgamlaryny we möçberini hem-de olaryň girdejileriniň beýleki görnüşlerini özbaşdak bellemäge, hojalyk işiniň maksatnamasyny özbaşdak düzmäge, özüne önüm iberijileri we öz önümini (işlerini, hyzmatlaryny) alyjylary saýlap almaga, oňa (olara) Türkmenistanyň kanunlaryna hem-de baglaşylan şertnamalara laýyklykda nyrhlary we tarifleri bellemäge, banklarda hasaplar açmaga, pul amallary we beýleki amallaryny amala aşyrmaga, öz işinde möhüri, möhürçäni, resmi kagyzlary, nyşanyny, haryt nyşanyny peýdalanmaga, öz elinde galan düşewünde (girdejä) erkin erk etmäge, girdejini islendik, çäklendirilmedik möçberlerde almaga, döwletiň ilaty durmuş taýdan goramak ulgamyndan peýdalanmaga, döwlet edaralarynyň hem-de beýleki edaralaryň özüniň hukuklaryny ýa-da kanuny bähbitlerini kemsidýän hereketleri barada bellenen tertipde şikaýat etmäge, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda daşary ykdysady gatnaşyklara gatnaşyjy bolup çykyş etmäge hukugy bardyr.

Şonuň bilen birlikde, Türkmenistanyň kanunlaryna hem-de baglaşylan şertnamalara laýyklykda, telekeçiniň hakyna durup işleýän adamlara döwletiň bellän iň pes möçberinden az bolmadyk derejede hak tölemäge, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde hakyna durup işleýän adamlaryň döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasyny amala aşyrmaga, kärhananyň maliýe ýagdaýynyň nähilidigine garamazdan, hakyna tutulan ähli işgärler bilen doly hasaplaşyk geçirmäge, ulanylyp gelinýän düzgünleri we kadalary gollanyp, ekologiýa howpsuzlygyny, zähmeti goramagy, howpsuzlyk tehnikasyny, önümçilik gigienasyny we sanitariýasyny üpjün etmäge, alyjylaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini berjaý etmäge, öndürilýän harytlaryň (ýerine ýetirilýän işleriň, hyzmatlaryň) hiliniň talaba laýyk bolmagyny üpjün etmäge, Türkmenistanyň çäginde amala aşyrmak üçin ygtyýarnama talap edilýän işleriň aýry-aýry görnüşleri üçin ygtyýarnamalary almaga, döwlet statistika edaralaryna we salgyt edarasyna zerur maglumaty bellenen tertipde öz wagtynda bermäge, algydarlaryň öňündäki borçnamalaryny ýerine ýetirmek mümkin bolmadyk mahalynda kärhananyň batyp galanlygyny aýtmaga borçludygyna hem kazyýetler üns bermelidirler.

7. Döwlet kärhanalaryň arasyndaky erkin bäsdeşligi üpjün edýär, telekeçiligiň islendik ugrunda betniýet bäsdeşlik edilmeginden we monopoliýalaşdyrmak halatlaryndan telekeçileri goralýar, ýerine ýetiriji häkimiýetiň edaralary bolsa telekeçiler bilen öz gatnaşygyny salgyt we maliýe-karz syýasatyny, şol sanda döwlet karzlary boýunça göterimleriň, nyrhlaryň we nyrh emele getirmegiň düzgünlerini, belli maksat üçin berilýän dotasiýalaryň we subsidiýalaryň, ykdysady temmileriň möçberleriniň bellenilmegi, döwlet emlägini we ätiýaçlyklar ulgamyny, rugsatnamalary, konsessiýalary, lizingleri, durmuş, ykdysady hem-de beýleki

kadalary we ölçegleri, daşary ykdysady pul syýasatyny, döwlet buýurmalaryny, ylmy-tehniki, döwlet durmuş we sebitleýin maksatnamalary ulanmak esasynda guramalydyrlar.

8. Öz işini ýuridik tarapy döretmek arkaly amala aşyrýan telekeçi «Kärhanalar hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda bellenen jogapkärçiligi çekýär, öz işini ýuridik tarap döretmän amala aşyrýan telekeçi bolsa, şol iş bilen baglanyşykly bolan borçnamalar barada özüniň bütin emlägi bilen jogapkärçilik çekýär, ýöne Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda töleg tutulyp alnyp bilinmejek emläk muňa girmeýär.

Öz işini şertnama esasynda amala aşyrýan telekeçi emläk eýesiniň önünde jogapkärçilik çekýär, ýagny onuň ýolbaşçylyk edýän kärhanasynyň borçnamalary boýunça olaryň arasynda baglaşylan şertnamanyň tertibinde hem-de şertlerinde jogapkärçilik çekýändigi göz öňünde tutulmalydyr.

9. Türkmenistanyň kanunçylyk namalarynda başga hili göz önünde tutulmadyk bolsa, telekeçileriň bäsdeşligi çäklendirýän hereketleri ulanmagyna, bäsdeşiň abraýyny gaçyrýan hereketleriň edilmegine, önümçiligi çäklendirmek, bazarlary paýlaşmak, höküm ýörediji ýokary ýa-da pes nyrhlary saklamak hakynda dilleşik baglaşylmagyna, beýleki öndürijileriň önüminiň nusgasyny göçürip almaga mümkinçilik berýän keseki haryt (firma) nyşanlarynyň, maglumatlarynyň alynmagyna - öz adyna geçirilmegine, şeýle hem kanunda göz önünde tutulmadyk gaýry hereketleriň edilmegine ýol berilmeýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

Şeýle bäsdeşligiň çäklendirilmegi hem-de kanunda göz öňünde tutulmadyk beýleki hereketleriň netijesinde alnan peýdanyň, ol hereketleri amala aşyran şahslardan kanun boýunça bellenen tertipde alynmaga degişli edilýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

10. Telekeçilik işi alnyp barylanda kanunçylygyň talaplarynyň berjaý edilmezligi we telekeçilik işine gatnaşyjylaryň hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň bozulandygy üçin, şol hereketleriň häsiýetine we getiren netijesine baglylykda, günäkär şahslaryň administratiw ýa-da jenaýat jogapkärçiligini çekýändiklerine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Telekeçilik işi bilen meşgullanmagyň döwlet belligine alynmagy we salgyt hasabyna goýulmagy üçin zerur maglumatlaryň we resminamalaryň fiziki şahslar tarapyndan nädogry berlen halatynda, şele hem**,** ýuridik şahsyň ýolbaşçysy tarapyndan hojalyk işi hakynda maglumatlaryň we gözegçilik resminamalarynyň öz wagtynda berilmezligi ýa-da salgyt hasabyna goýulmagy üçin zerur bolan maglumatlaryň nädogry berlen halatynda, ol şahslaryň Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksiniň 286-njy maddasyna göz öňünde tutulan jogapkärçiligi çekýändiklerini kazyýetlere düşündirmeli.

11. Eger-de, bellenen tertipde degişli bellige alynmazdan we ýörite rugsadyň (ygtyýarnamanyň) hökmany bolmaly halatynda, şeýle rugsadyň (ygtyýarnamanyň) bolmazlygynda ýa-da ygtyýarlylandyrmak şertleriniň bozulmagy bilen telekeçilik işiniň amala aşyrylan halatynda bolsa, degişli fiziki şahslaryň, wezipeli adamlaryň we ýuridik şahslaryň Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksiniň 283-nji maddasynyň (bikanun telekeçilik işi) degişli bölekleri boýunça jogapkärçilik çekýändiklerine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Şunda, Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksiniň 283-nji maddasynyň üçünji böleginde göz öňünde tutulan, ýokarda agzalyp geçilen hukuk bozulmanyň netijesinde uly möçberde ýetirilen zyýan ýa-da uly möçberde alynan girdeji diýlip, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen binýatlyk mukdarynyň ýüzüsinden artyk gelýän, ýöne bäş ýüzüsinden geçmeýän möçberindäki bir ýylyň dowamynda ýetirilen zyýana ýa-da alnan girdejä düşünilmelidir.

12. Haçanda, döwlet tarapyndan bellige alynmazdan we ýörite rugsadynyň (ygtyýarnamasynyň) hökmany bolmaly halatlarynda, şeýle rugsadyň (ygtyýarnamanyň) bolmazlygy ýa-da ygtyýarlylandyrmak şertleriniň bozulmagy bilen aýratyn uly möçberde girdeji almak bilen baglanyşykly telekeçilik işi amala aşyrylan bolsa, onda ol hereketleriň jenaýat hasap edilip, günäkäriň hereketleriniň Türkmenistanyň JK-nyň 260-njy maddasy boýunça maddalaşdyrylmaga degişlidigine we aýratyn uly möçberde girdeji almak diýlip, alynan girdejiniň Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilen binýatlyk mukdarynyň bäş ýüzüsinden artyk gelýän möçberindäki bir ýylyň dowamynda alnan girdejä düşünilýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Bulardan başga-da, Türkmenistanyň JK-nyň 260-njy maddasynyň belligine laýyklykda, şol maddada göz öňünde tutulan, şeýle hem Türkmenistanyň JK-nyň 262-nji, 264-265-nji, 266-njy, 269-273-nji, 277-285-nji maddalarynda görkezilen jenaýatlary ilkinji gezek eden adamyň, eger ol fiziki we ýuridik şahslara ýa-da döwlete ýetiren zyýanynyň öwezini doly möçberde dolan halatynda we ýetirilen zyýanyň iki essesi möçberindäki pul serişdesini döwletiň haýryna geçiren bolsa, onuň eden jenaýaty üçin, jenaýat jogapkärçiliginden boşadylýandygyna kazyýetler üns bermelidirler.

13. Telekeçilik işi alnyp barlanda galp telekeçiligiň alnyp barylmagynyň kanunda bellenen jogapkärçilige eltýändigini nazara alyp, kazyýetler şu görnüşli işlere seredenlerinde telekeçiniň hereketlerinde galp telekeçiligiň alamatlarynyň bardygy-ýokdugy baradaky ýagdaýlary hem anyklamalydyrlar.

Karz pullary almak, salgytlardan boşamak, başga emläk bähbidini edinmek ýa-da raýatlara, guramalara ýa-da döwlete uly zyýan ýetiren gadagan edilen işiň üstüni basyrmak maksady bilen döredilen telekeçilik ýa-da bank işini alyp barmagy niýet edinmeýän täjirçilik guramasynyň döredilmegi galp telekeçilik diýlip hasap edilýär we onuň Türkmenistanyň JK-nyň 262-nji maddasyna göz öňünde tutulan jogapkärçilige eltýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

Eger-de, telekeçilik işi alnyp barylanda görnetin bikanun ýol bilen edinilen pul serişdeleri ýa-da başga emläk bilen maliýe amallary amala aşyrylsa ýa-da beýleki geleşikler baglaşylsa, şonuň ýaly-da görkezilen pul serişdeleriniň ýa-da emlägiň telekeçilik ýa-da başga ykdysady işi amala aşyrmak üçin peýdalanylan halatynda, şeýle hem eýelik edilmegini, peýdalanylmagyny we ygtyýar edilmegini kanuny görnüşe getirmek maksady bilen, şol pul serişdeleriniň ýa-da emlägiň bikanun gelip çykyşy gizlense ýa-da ýaşyrylsa ýa-da şol hereketlerden peýda ýa-da beýleki bähbitler alynsa, onda günäkäriň hereketleriniň, bikanun ýol bilen edinilen pul serişdeleriniň ýa-da gaýry emlägiň kanunlaşdyrmagy hökmünde,

Türkmenistanyň JK-nyň 263-nji maddasynyň degişli bölekleri bilen hem maddalaşdyrylmaga degişlidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

14. Telekeçilik işi emläk eýesiniň arzasynyň ýa-da kazyýetiň çözgüdi esasynda bes edilýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Kazyýet tarapyndan telekeçilik işiniň, Türkmenistanyň kanunlarynda gadagan edilen telekeçilik işiniň ýa-da ýörite ygtyýarnamasy bolmadyk şeýle telekeçilik işiniň amala aşyran mahalynda, telekeçi tarapyndan kanunlar telim gezek ýa-da gödek bozulan mahalynda, ekologiýa howpsuzlygynyň kadalary bozulan mahalynda, telekeçi batyp galan diýlip ykrar edilende we Türkmenistanyň kanunçylyk namalarynda göz öňünde tutulan beýleki esaslar boýunça bes edilip bilinýändigini kazyýetlere düşündirilmeli.

Kazyýet telekeçilik işini bes etmek hakynda karar kabul edende Türkmenistanyň kanunçylyk namalaryna laýyklykda, telekeçilik işiniň bes edilmeginiň tertibini we möhletini kesgitlemelidir.

Telekeçi ölen mahalynda onuň telekeçilik işini amala aşyrmak baradaky hukuklary we borçlary onuň mirasdarlaryna geçýär.

Şertnama esasynda amala aşyrylýan telekeçilik işi şol şertnamanyň möhleti gutarandan soň ýa-da şertnamada göz önünde tutulan halatlarda we tertipde taraplardan biriniň beren arzasy esasynda şertnama ýatyrylan mahalynda hem telekeçilik bes edilip biliner.

15. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 12-nji maddasynda eýeçiligiň eldegrilmesizligi kepillendirilýär we oňa laýyklykda, telekeçiniň eýeçilik hukugynyň goralmagy üpjün edilýär hem-de Türkmenistanyň kanunlarynda bellenen esaslardan hem-de degişli edaralaryň ygtyýarlarynyň çäklerinden daşary, telekeçileriň işine döwlet edaralarynyň ýa-da başga edaralaryň, ýa-da olaryň wezipeli adamlarynyň gatyşmagyna ýol berilmeýär.

Telekeçiniň işine döwlet edaralarynyň ýa-da başga edaralaryň, ýa-da olaryň wezipeli adamlarynyň esassyz gatyşmagy netijesinde telekeçä ýetirilen zyýanyň öwezi şol edaralar ýa-da olaryň wezipeli adamlary tarapyndan tölenilmäge degişli bolup, çekilen zyýanyň öwezini tölemek baradaky jedeller kazyýetler tarapyndan seredilmäge degişlidir.

Mundan başga-da,Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulanlardan başga esaslar boýunça telekeçilik işine gatyşylmagy, telekeçilik işiniň döwlet tarapyndan goralmagynyň we goldanylmagynyň üpjün edilmezligi, şonuň ýaly-da telekeçilik işi bilen meşgullanýan şahslaryň bazara çykmagyna ýa-da bazara goýberilmegine päsgel berýän ýa-da päsgel berip biljek hereketleriň açyk ýa-da ýaşyryn görnüşde amala aşyrylandygy üçin Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksiniň 284-nji maddasynda administratiw jogapkärçiligi göz öňünde tutulandygyna kazyýetler üns bermelidirler.

16. Telekeçilik işiniň subýektini bellige almakdan bikanun ýüz dönderilmegi ýa-da ony bellige almakdan boýun towlanmagy, belli bir işi amala aşyrmaga berilmeli ýörite rugsady (ygtyýarnamany) bermekden bikanun ýüz dönderilmegi ýa-da ony bermekden boýun towlanmagy, ýekebara telekeçiniň ýa-da täjirçilik guramasynyň hukuklarynyň, bikanun çäklendirilmegi, şonuň ýaly-da olaryň işine bikanun gatyşylmagy, eger şeýle hereketler wezipeli adam tarapyndan öz gulluk

ýagdaýyny peýdalanmak arkaly amala aşyrylan bolsa, onda wezipeli adamyň hereketleriniň Türkmenistanyň JK-nyň 259-njy maddasy boýunça maddalaşdyrylmaga degişlidigini kazyýetlere düşündirmeli.

17. Telekeçiniň ýa-da onuň ygtyýarly eden edaralarynyň ýa-da adamlarynyň hojalyk ýöredýän beýleki adamlaryň (subýektleriň) her bir hereketleri barada ýa-da Türkmenistanyň kanunçylyk namalarynda bellenen tertipde bildirilen nägilelikler we berlen temmi – töleg çäreleri barada bellenen tertipde şikaýat etmäge haky bardyr, ýöne tölegiň jedelsiz suratda töletdirilip alynýan halatlary muňa girmeýär.

18. Kazyýetler telekeçilik işini alyp barmak baradaky işlere seredip, fiziki we ýuridik şahslara, şol sanda döwlete ýetirilen zyýany töletmek baradaky meseläni çözenlerinde Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň delikt borçnamalary we şertnamalaýyn jogapkärçilik hakyndaky kadalaryndan, şeýle hem Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumynyň 2021-nji ýylyň 24-nji iýulyndaky "Ýetirilen zyýany töletmek hakyndaky raýat işlerine seredilende Türkmenistanyň kazyýetleri tarapyndan kanunçylygyň ulanylyş iş tejribesi hakynda" 5-nji belgili kararynda berlen düşündirişlerden ugur almalydyrlar we iş boýunça ýetirilen zyýanyň doly **t**ölenmegini üpjün etmek boýunça degişli çäreleri görmelidirler.

19. Telekeçilik işini alyp barmak bilen bagly işlere seredenlerinde kazyýetler hukuk bozulmalaryň ýüze çykmagyna sebäp bolan we şert döreden ýagdaýlary anyklamalydyrlar we olar barasynda, hususy kesgitnama (karar) çykaryp, degişli kärhanalaryň, edaralaryň, guramalaryň we wezipeli adamlaryň ünslerini çekmelidirler, şol sanda administratiw hukuk bozulmalary hakynda işler boýunça degişli teklipnamalary iberip, ol sebäpleriň we şertleriň aradan aýyrmagyny we öňüniň alynmagyny gazanmalydyrlar.

20. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň degişli kazyýet kollegiýalary, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri etrap kazyýetleri we etrap hukukly şäher kazyýetleri tarapyndan, telekeçilik işini alyp barmak bilen bagly işleriň dogry we kanunalaýyk seredilmegine kazyýet gözegçiligini güýçlendirmelidirler we bu babatda kazyýet iş tejribesini yzygiderli umumylaşdyryp, ýüze çykarylan kemçilikleri düzetmek boýunça öz wagtynda degişli çäreleri görmelidirler.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy G.Ussanepesow

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy J.Açylow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ
PLENUMYNYŇ
K A R A R Y № 2

2022-nji ýylyň 23-nji iýuly Aşgabat şäheri

Türkmenistanyň Administratiw iş ýöredişi kodeksiniň kadalary ulanylanda kazyýet iş tejribesinde ýüze çykýan meseleler hakynda

(17.02.2024 ý. № 3; 19.10.2024 ý. № 9; 19.07.2025 ý. № 4; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Türkmenistanyň kazyýetleri tarapyndan administratiw işlerine seredilende kanunçylygyň ulanylyşynda bir meňzeş kazyýet iş tejribesini ýola goýmak hem-de şu görnüşli işler boýunça kanunçylygy ulanmak boýunça ýüze çykan kazyýetleriň soraglaryna ugrukdyryjy düşündirişleri bermek maksady bilen, "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Plenum

K A R A R E D Ý Ä R:

1.Türkmenistanyň Administratiw iş ýöredişi kodeksiniň kabul edilmeginiň esasy maksadynyň, hereket edýän kanunçylygyň has-da kämilleşmegine we jemgyýetiň mundan beýläk-de ösmegine gönükdirilen bolup, administratiw edaralar bilen gatnaşyklarda kanunyň hökmürowanlygyny, fiziki şahslaryň hukuklaryny we azatlyklaryny, ýuridik şahslaryň kanuny bähbitlerini üpjün etmekden, şeýle hem döwlet we raýat arasyndaky hukuk gatnaşyklarynyň çygrynda fiziki şahslaryň bozulan ýa-da jedelleşilýän hukuklaryny we azatlyklaryny, ýuridik şahslaryň kanuny bähbitlerini goramakdan ybaratdygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

2. "Administratiw iş" diýen düşünjäniň administratiw hukuk bozulmalary hakyndaky işlere degişli däldigini we administratiw iş ýöredişi önümçiligi tertibinde diňe döwlet we raýat arasyndaky hukuk gatnaşyklarynyň subýektleriniň arasyndaky jedelleri çözmek bilen bagly, ýagny olaryň arasyndaky gatnaşyklaryndan gelip çykýan, bozulan ýa-da jedelleşilýän hukuklary, azatlyklary hem-de kanun tarapyndan goralýan bähbitleri goramak üçin fiziki ýa-da ýuridik şahslaryň kazyýete beren hak isleýiş arzalarynyň esasynda açylan işlere seredilýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

Türkmenistanyň 2021-nji ýylyň 18-nji dekabryndaky 437-VI belgili Kanuny bilen, Türkmenistanyň Raýat iş ýöredişi kodeksiniň (mundan beýläk-Türkmenistanyň RIÝK-nyň) "Döwlet dolandyryş edaralarynyň we wezipeli adamlaryň raýatlaryň hukuklaryny kemsidýän bikanun hereketlerine şikaýatlar" diýen 26-njy babynyň güýjüni ýitiren diýlip ykrar edilendigi sebäpli, ol görnüşli işleriň hem Türkmenistanyň Administratiw iş ýöredişi kodeksinde göz öňünde tutulan kadalara laýyklykda, administratiw hak islegi önümçiligi tertibinde seredilýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

3. Administratiw iş ýörediş kodeksinde kazyýet önümçiligini amala aşyrmak hakynda düzgünleriň ähli si barada kadalar (meselem, kazyýet habarlary, işe gatnaşýan adamlaryň hukuklary we borçlary, hak isleýiş arzasyny kabul etmegiň tertibi, hak islegini üpjün etmek, işi kazyýet seljerişine taýýarlamak, iş boýunça önümçiligi togtatmak, bes etmek ýa-da arzanyň seredilmän galdyrylmagy we ş.m. barada) anyk bellenen däldir, şoňa görä-de bu meseleleri çözenlerinde kazyýetler Türkmenistanyň Administratiw iş ýörediş kodeksiniň 2-nji maddasynyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan kadadan ugur alyp, Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň degişli kadalaryny ulanmalydyrlar.

4. Administratiw iş ýöredişde hukuk oruntutar, prokuroryň ýa-da beýleki adamlaryň hukuklaryny goraýan ýerine ýetiriji häkimiýetiň edaralarynyň iş ýöredişe gatnaşmagy hakynda kadalaryň, şeýle hem kaza we administratiw iş ýöredişiň beýleki gatnaşyjylaryna bildirilen ynamsyzlygyň çözüliş tertibiniň Türkmenistanyň Administratiw iş ýörediş kodeksinde bellenilmändigi sebäpli, olaryň administratiw iş ýörediş önümçiligine gatnaşmagy hem-de olara bildirilen ynamsyzlygyň çözülmegi bilen bagly meseleleriň hem Türkmenistanyň RIÝK-nyň degişli kadalaryndan ugur alnyp çözülmelidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

5. Türkmenistanyň Administratiw iş ýörediş kodeksinde administratiw işlerine seredilende kazyýet mejlisinde teswirnamanyň hökmany ýöredilýändigi barada ýörite kada bellenilmedik hem bolsa, şu Kodeksiň 46-njy maddasynda taraplaryň barlyşyk ylalaşygyny tassyklamak hakynda kazyýetiň kesgitnamasynyň çykarylmagyndan başga-da, bu hereketleriň kazyýet mejlisiniň teswirnamasy bilen resmileşdirilmegi talap edilýär, ýagny administratiw işlerine seredilende teswirnamanyň ýöredilmegi göz öňünde tutulan.

Şoňa görä-de, Türkmenistanyň Administratiw iş ýörediş kodeksiniň 2-nji maddasynyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan kadadan ugur alynanda, administratiw işlerine seredilende kazyýet mejlisinde teswirnamanyň ýöredilmeginiň, onuň esasy ýörelgelerine we maksatlaryna garşy gelmeýändigi sebäpli, Türkmenistanyň RIÝK-nyň degişli kadalaryndan ugur alnyp, birinji basgançakly kazyýetde jedel dilden açyk seljerilende, aýratyn hem taraplaryň, şaýatlaryň we beýleki işe gatnaşyjylaryň düşündirişleri diňlenmeli bolanda, şeýle hem maddy subutnamalar ýerinde gözden geçirilýän halatynda kazyýet mejlisinde teswirnamanyň ýöredilmeginiň zerur bolup duryandygyny kazyýetlere düşündirmeli.

6. Administratiw iş ýörediş önümçiliginde döwlet we raýat arasyndaky hukuk gatnaşyklardan gelip çykýan hukuklaryny, azatlyklaryny ýa-da kanuny bähbitlerini goramak üçin kazyýete ýüz tutan fiziki ýa-da ýuridik şahsa administratiw iş boýunça hak isleýji, garşysyna kazyýete hak islegi bildirilen administratiw edara bolsa iş boýunça jogap beriji diýlip atlandyrylýar.

Kazyýete bildirilýän hak isleýiş arzalaryň görnüşleri we olaryň atlandyrylyşy Türkmenistanyň Administratiw iş ýörediş kodeksiniň 25-28-nji maddalarynda kesgitlenendir, ýagny olaryň jedelleşmek hakynda hak islegi, borçnamanyň ýerine ýetirilmegi hakynda hak islegi, kada gözegçilik hakynda hak islegi we administratiw edaranyň hereketleriniň (hereketsizliginiň) bikanunlygyny anyklamak

ýa-da bikanun diýip bilmek hakynda hak islegi diýlip atlandyrylýandygyna kazyýetler üns bermelidirler.

Jogap berijiniň ýerleşýän ýerindäki kazyýet çäk boýunça işe seretmek ygtyýarlylygyna eýedir.

Hak isleýiş arzanyň mazmunyna bildirilýän talaplar Türkmenistanyň Administratiw iş ýörediş kodeksiniň 31-nji maddasynda görkezilendir. Hak isleýiş arza kazyýete ýazmaça görnüşde berlip, onuň ýanyna degişli nusgalarynyň zerur sanynyň goşulmagy hökmanydyr.

Haçanda hak isleýiş arzasy doly däl bolsa, kazyýet degişli kesgitnamasy bilen hak isleýjiden bellän möhletiniň dowamynda hak isleginiň üstüni doldurmagy talap edip, arzany hereketsiz galdyrýar. Eger hak isleýji berlen möhletiň dowamynda talaby ýerine ýetirmese, onda kazyýet Türkmenistanyň Administratiw iş ýörediş kodeksiniň 31-nji maddasynyň üçünji bölegine laýyklykda, hak isleýiş arzany ýol bererlikli däl hökmünde kabul etmekden ýüz dönderýär we hak isleýjä gaýtarýar.

Kabul edilen hak isleýiş arzanyň iş ýöredişe gatnaşyjylara gowşurylmagyny kazyýetiň özi amala aşyrýar.

7. Kazyýet administratiw işe diňe bildirilýän hak isleg talabynyň çäklerinde seredýär, ýöne hak isleýiş arzanyň ýazgysy bilen bagly däldir.

Şu ýagdaýlarda kazy hak isleýjä onuň goşmaça talap bildirmäge hukugynyň bardygyny düşündirmäge borçludyr.

Kazyýet öz başlangyjy boýunça işiň ähli ýagdaýlaryny, şol sanda degişli administratiw edaralary tarapyndan "Administratiw önümçiligi hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň kadalarynyň talaplarynyň berjaý edilendigini ýa-da berjaý edilmändigini hem anyklamaga borçludyr.

Taraplar muňa ýardam edýärler, ýöne kazyýet işe gatnaşyjylar tarapyndan oňa berlen faktlar, hukuk delilleri we olaryň subutnamalary derňemek hakyndaky haýyşnamalary bilen bagly däldir.

Kazy formal ýalňyşlyklaryň aradan aýrylmagyna, düşnüksiz arzalaryň düşündirilmegine, maksadalaýyk haýyşnamalaryň talabalaýyk goýulmagyna, ýeterlik bolmadyk hakyky maglumatlaryň üstüniň doldurylmagyna, mundan başga-da işiň ýagdaýlaryny anyklamak we baha bermek üçin düýpli ähmiýeti bolan ähli maglumatlaryň berilmegine ýardam etmäge borçludyr. Kazyýet zerur bolan subutnamalary toplaýar, hususan-da, ol gözden geçirip, şaýatlary, bilermenleri we beýleki gatnaşyjylary sorag edip, bilermeniň seljermesini belläp we ýazmaça resminamalary talap edip alyp biler.

8. Kazyýetiň dilden seljerişiniň geçirilmegine taýýarlyk görmek üçin işe gatnaşyjylar özleriniň delillerini ýazmaça bermelidirler. Kazynyň özi hem olaryň berilmegi üçin işe gatnaşyjylara wagt belläp, olardan ýazmaça delilleriň berilmegini talap edip biler.

Döwlet edaralarynyň ygtyýarynda bar bolan işiň degişli materiallary, eger diňe ýokarda duryan döwlet edarasy gaýragoýulmasyz jemagat ýa-da hususy bähbitleriň esasynda mundan ýüz döndermese kazyýete berilýär. Şu ýagdaýda ýüz dönderme esaslandyrylan bolmalydyr (Türkmenistanyň Administratiw iş ýörediş kodeksiniň 12-nji maddasynyň dördünji bölegi).

9. Administratiw işlerine ähli kazyýetlerde açyk seredilýär. Ýapyk kazyýet mejlislerinde administratiw işlere seredilmegi kanun tarapyndan goralýan syry bar bolan işler boýunça amala aşyrylýar.

Administratiw işleriň ýapyk kazyýet seljerişine kanun tarapyndan goralýan syryň goralmagynyň, raýatlaryň şahsy durmuşy baradaky maglumatlaryň aýan edilmezliginiň zerurlygyna ýa-da ara alnyp maslahatlaşylmagy işiň dogry çözülmegine päsgel berip biljek gaýry ýagdaýlara salgylanýan işe gatnaşýan şahsyň haýyşnamasy kanagatlandyrylan halatynda hem ýol berlip bilner.

Ýapyk kazyýet seljerişiniň barşyny ýazmaça ýa-da audioýazgy serişdeleriň kömegi bilen ýazgy edilmegine, ýapyk kazyýet seljerişiniň kino-fotosurata düşürilmegine, şekilli ýazgy edilmegine, göni-radio gepleşikleriň alnyp barylmagyna ýol berilmeýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Administratiw işler boýunça kazyýet kararlary açyk yglan edilýär. Işe ýapyk kazyýet mejlisinde seredilen ýagdaýynda bolsa, kazyýet kararynyň diňe karara geliş bölegi açyk yglan edilýär.

10. Türkmenistanyň Administratiw iş ýörediş kodeksiniň 15-nji maddasyna laýyklykda kazyýet jedeli dilden açyk seljerişiň esasynda çözýär. Iş ýöredişe gatnaşyjylaryň razylygy bilen kazyýet jedeli dilden seljermezden hem çözüp biler.

Birinji basgançakly kazyýetde administratiw işlerine kazynyň ýekeliginde seredilýändigini we onuň kazyýet mejlisinde başlyklyk edijiniň ygtyýarlyklaryny ýerine ýetirip, işe gatnaşygy bolmadyk ähli zatlary kazyýet seljerişinden aýryp, taraplaryň hukuklaryny we borçlaryny, işiň ähli ýagdaýlarynyň hemmetaraplaýyn, doly we dogry aýdyňlaşdyrylmagyny üpjün edip, kazyýet mejlisine ýolbaşçylyk edýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

Başlyklyk ediji kazyýet mejlisinde degişli tertibi üpjün etmek boýunça zerur çäreleri görýär, onuň buýruklary ähli iş ýöredişe gatnaşyjylar üçin, şeýle hem kazyýet mejlisiniň mejlisler otagynda oturan raýatlar üçin hökmanydyr.

Kazyýet mejlisiniň tertibini bozanlar babatda çäre ulanmak meselesini çözende kazyýet Türkmenistanyň RIÝK-nyň 183-nji maddasynda göz öňünde tutulan kadalardan ugur almalydyr.

Administratiw işlere seretmegiň dowamynda kazyýet mejlisinde arakesme yglan edilip bilinýändigini we munuň özüniň arakesme yglan edilen wagtyň dowamynda kazynyň başga işlere seretmegine päsgel bolup bilmeýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

11. Türkmenistanyň Administratiw iş ýörediş kodeksiniň 14-nji maddasyna laýyklykda, administratiw iş ýörediş taraplaryň bäsleşikleriniň we deňhukuklylygynyň esasynda amala aşyrylýar. Taraplar deň iş ýörediş hukuklaryndan peýdalanýarlar we deň iş ýörediş borçlaryny çekýärler, olar administratiw iş ýöredişiň barşynda öz nukdaýnazarlaryny, ony goramagyň hukuk usullaryny we serişdelerini özbaşdak we kazyýetden, beýleki edaralardan we adamlardan garaşsyz saýlap alýarlar.

Işe seredýän kazyýet dogruçyllygyny we tarapgöýsüzligini saklamak bilen, işiň ýagdaýlaryny doly we dogry barlamaga taraplaryň hukuklaryny amala aşyrmagy üçin zerur şertleri döredip, Türkmenistanyň RIÝK-nyň 117-nji maddasynda göz öňünde tutulan kadalardan ugur alyp, işe gatnaşýan adamlara

olaryň hukuklaryny we borçlaryny düşündirmelidir, iş ýörediş hereketlerini amala aşyrmagyň ýa-da amala aşyrmazlygyň getirýän netijeleri barada duýdurmalydyr we degişli haýyş bildirilen halatynda, olara öz hukuklaryny amala aşyrmaga ýardam etmelidir.

12. Iş boýunça taraplaryň we beýleki işe gatnaşyjylaryň düşündirişleri diňlenip, subutnamalar barlanyp bolandan soň, kazyýet seljerişe gatnaşýan taraplaryň we olaryň wekilleriniň kazyýet mejlisinde çykyp geplemäge we replika bolan hukuklarynyň amala aşyrylmagynyň, Türkmenistanyň RIÝK-nyň 217-nji we 218-nji maddalarynda göz öňünde tutulan kadalara laýyklykda üpjün edilmelidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

13. Kazyýetiň administratiw işleri boýunça çözgüdi kanuny we esasly bolmalydyr hem-de ol diňe barlanylmagyna gatnaşmak taraplaryň her biri tarapyndan deň esaslarda üpjün edilen subutnamalara esaslanmalydyr.

Kazyýetiň çözgüdiniň beýan edilişine we onuň mazmunyna bildirilýän talaplaryň Türkmenistanyň RIÝK-nyň 236-njy we 237-nji maddalarynda göz öňünde tutulan kadalara laýyk gelmelidigine hem kazyýetler üns bermelidirler.

Şunda, eger administratiw nama ýa-da onuň bir bölegi kanuna laýyk bolmasa we hak isleýjiniň hukuklaryny bozýan bolsa, jedelleşmek hakynda hak islegi esasly hasap edilip, kazyýet çözgüdinde şeýle administratiw namany dolulygyna ýa-da bölekleýin ýatyrmak barada karara gelýär.

Eger hak isleýjiniň administratiw namanyň çykarylmagyny ýa-da gaýry hereketiň (hereketsizliginiň) amala aşyrylmagyny talap etmäge hukugy bar bolup, borçnamany ýerine ýetirmek hakyndaky hak islegi esasly bolsa, kazyýet çözgüdinde administratiw edarany şol administratiw namany çykarmaga ýa-da hereketi (hereketsizligi) amala aşyrmaga borçly edýär, şeýle bolmadyk halatynda bolsa kazyýet administratiw edarany kazyýet çözgüdini nazara almak bilen, täze çözgüdi kabul etmäge borçly edýär.

Haçanda häkimiýetiň ýerine ýetiriji edarasy tarapyndan çykarylan gös-göni hukuklary we borçlary belleýän kadalaşdyryjy hukuk namasy ýokary ýuridik güýje eýe bolan kadalaşdyryjy hukuk namasynyň düzgünlerine garşy gelýändigi üçin, kada gözegçilik hakynda hak islegi esasly diýlip netijä gelinse, onda kazyýet çözgüdinde şol kadalaşdyryjy hukuk namasyny hakyky däl diýip ykrar edýär.

Eger hereket (hereketsizlik) kanunalaýyk bolmasa, onuň bikanunlygyny anyklamak ýa-da bikanun diýip bilmek hakynda hak islegi esasly bolan halatynda, kazyýet çözgüdinde administratiw edaranyň hereketiniň (hereketsizliginiň) bikanundygynyň anyklanandygy ýa-da hereketiň (hereketsizliginiň) bikanundygy barada netijä gelip, haýsydyr-bir hukuk gatnaşyklaryň bar ýa-da ýok ýa-da administratiw namanyň hakyky däl diýip bilmek barada karara gelýär.

14. Türkmenistanyň Administratiw iş ýörediş kodeksiniň 40-njy maddasynyň dördünji böleginde, çözgüdiň ýazmaça esaslandyrmasy bilen bilelikde, onuň administratiw iş ýöredişe gatnaşyjylara yglan edilen gününden başlap ýedi günüň dowamynda gowşurylmalydygy göz öňünde tutulandyr.

Iş ýöredişe gatnaşyjylara birinji basgançakly kazyýetiň kararlary gowşurylan pursatyndan, olar işiň düýp manysy boýunça çykarylan çözgüde bir aýyň dowamynda, kesgitnama bolsa, on günüň dowamynda nägilelik şikaýaty

ygtyýarlylygy bolan kazyýete berip bilýärler, muňa kesgitnama şikaýat etmäge kanun bilen ýol berilmeýän halatlary degişli däldir.

15. Administratiw işlere nägilelik önümçiliginde kazyýetiň düzüminde seredilýär.

Nägilelik önümçiliginde Türkmenistanyň Administratiw iş ýörediş kodeksinde başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, birinji basgançakly kazyýetdäki önümçilik hakyndaky düzgünler ulanylýar. Eger nägilelik şikaýaty ýol bererlikli bolmasa, onda ol ýüz dönderilmäge degişlidir, bu barada iş ýöredişe gatnaşyjylar diňlenenden soň nägilelik basgançakly kazyýet kesgitnama çykarýar (Türkmenistanyň Administratiw iş ýörediş kodeksiniň 48-nji maddasy).

Nägilelik basgançakly kazyýet jedeli nägilelik şikaýatyň çäklerinde birinji basgançakly kazyýetiň barlaýşy ýaly möçberde barlaýar, ol tarapyndan täze faktlar we maglumatlar hem nazara alynmalydyr.

Nägilelik basgançakly kazyýetiň nägilelik şikaýatyň çäklerinden çykmaga hukugy ýokdur, ýöne onuň ýazgysy, ýagny onuň delillendirilşi bilen bagly däldir.

16. Eger Türkmenistanyň Administratiw iş ýörediş kodeksiniň özünde başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, nägilelik basgançakly kazyýet nägilelik şikaýatyna seredende Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň "Nägilelik basgançakly kazyýetde önümçilik" atly 4-nji bölüminde göz öňünde tutulan kadalarda bellenen (meselem, nägilelik basgançakly kazyýetiň kesgitnamasynyň mazmunyna bildirilýän talaplardan we ş.m.) düzgünlerden ugur almalydyr.

17.Türkmenistanyň Administratiw iş ýörediş kodeksinde birinji basgançakly kazyýetde, nägilelik ýa-da ýokary nägilelik basgançakly kazyýetlerde administratiw işlere seretmekliğiň möhletleri barada düzgünleriň bellenilmändigi sebäpli, şol basgançakly kazyýetlerde administratiw işlerine seredilende, Türkmenistanyň RIÝK-nyň degişli kadalarynda göz öňünde tutulan, kazyýetlerde işe seretmegiň degişli möhletlerinden ugur alynmalydygyna kazyýetler üns bermelidirler.

18. Türkmenistanyň Administratiw iş ýörediş kodeksiniň 40-njy maddasynyň kadalaryndan ugur alnanda, nägilelik we Ýokary nägilelik basgançakly kazyýetler özleriniň administratiw işleri boýunça çykaran degişli kesgitnamalarynyň nusgalaryny iş ýöredişe gatnaşyjylara, olaryň yglan edilen gününden başlap ýedi günüň dowamynda olara gowşurylmagyny ýa-da bellenen tertipde iberilmegini üpjün etmelidirler.

19. Beýleki görnüşli kazyýet işlerinden tapawutlykda, administratiw işleri boýunça nägilelik basgançakly kazyýet tarapyndan çykarylýan kesgitnamanyň üstünden iş ýöredişe gatnaşyjylaryň ýokary nägilelik şikaýatyny bildirmäge hukugynyň barlygyndadyr we ol kesgitnama şikaýat bildirilmedik ýagdaýynda-da onuň yglan edilen pursatyndan güýje girmän, Türkmenistanyň Administratiw iş ýörediş kodeksiniň 47-nji maddasynyň üçünji böleginde göz öňünde tutulan, kesgitnama şikaýat getirmegiň on gün möhleti geçenden soň güýje girýändigindedir.

Eger şol möhletiň dowamynda iş ýöredişe gatnaşyjylar tarapyndan nägilelik basgançakly kazyýetiň kararlaryna bellenen tertip berjaý edilip, Ýokary nägilelik şikaýat getirlen bolsa, onda administratiw işi degişli şikaýat bilen, bellenen tertibe laýyklykda resmileşdirilip, Ýokary nägilelik basgançakly kazyýete iberilmelidir.

20. Türkmenistanyň Administratiw iş ýörediş kodeksiniň 52-nji maddasyna laýyklykda, şu maddanyň ikinji böleginde bellenen esaslar boýunça ýokary nägilelige ýol berýän bolsa, iş ýöredişe gatnaşyjylaryň nägilelik basgançakly kazyýetiň çözgüdine Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň administratiw işleri boýunça kazyýet kollegiýasyna ýokary nägilelik basgançagy tertibinde şikaýat etmäge hukugynyň bardygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Şeýle hem, Ýokary nägilelige diňe şu halatlarda ýol berilýändigini, ýagny eger administratiw işi kesgitlenmedik şahslar topary üçin uly ähmiýete eýe bolanda ýa-da çözgüt Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň iş tejribesinden çykýan bolsa ýa-da şol çözgüdiň esaslanyp bilinjek iş ýörediş ýalňyşlygy bar bolsa, ýokary nägilelige ýol berilýändigini kazyýetlere düşündirmeli (Türkmenistanyň Administratiw iş ýörediş kodeksiniň 52-nji maddasynyň 2-nji bölegi).

21. Türkmenistanyň Administratiw iş ýörediş kodeksiniň 56-njy maddasyna laýyklykda, Ýokary nägilelik önümçiligine, oňa bagyşlanan bölümde başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, möhletleri goşmak bilen, degişlilikde nägilelik önümçiliginiň düzgünleri ulanylýar.

Ýokary nägilelik önümçiliginde hak isleginň üýtgedilmegine ýol berilmeýär.

Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti nägileliginiň ýolbererlidigini we onuň esaslylygyny barlaýar, eger şu talaplaryň biri ýerine ýetirilmedik bolsa, ýokary nägilelik ýolbererlikli däldir we Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň kesgitnamasy bilen seredilmän galdyrylmaga degişlidir.

Eger kazyýetiň jedelleşilýän çözgüdi Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, onuň şu işe gatnaşmagyna ýol bermeýän kazy tarapyndan çykarylan bolsa, ýa-da iş boýunça çözgüt çykaran nägilelik basgançakly kazyýet talabalaýyk düzümde bolmasa, ýa-da iş ýöredişe gatnaşyjylaryň biriniň kazyýetde diňlenmek hukugy bozulan bolsa, ýa-da kazyýet mejlisiniň açyklygy baradaky düzgünler bozulan bolsa, şeýle hem jedelleşilýän çözgüdiň esaslandyrmasy bolmasa, bu ýagdaýlaryň Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň administratiw işler boýunça kazyýet kollegiýasy üçin kazyýetiň çözgüdini sökmeklige jedelsiz esas bolýandygyny kazyýetlere düşündirmeli.

Ýokary nägilelik basgançakly kazyýetiň ygtyýarlyklary we kabul edýän kararlarynyň görnüşleri Türkmenistanyň Administratiw iş ýörediş kodeksiniň 56-njy we 57-nji maddalarynda görkezilendir.

22. Ýokary nägilelik basgançakly kazyýetiniň kabul edýän kesgitnamalary delillendirilen we kanuna esaslanan bolmalydyr.

Eger Türkmenistanyň Administratiw iş ýörediş kodeksinde Ýokary nägilelik basgançakly kazyýetiň kesgitnamasynyň mazmunyna bildirilýän talaplar barada anyk düzgünler bellenilmedik bolsa, onda Ýokary nägilelik kazyýetiň kesgitnamasy beýan edilende, Türkmenistanyň RIÝK-nyň 376-njy maddanyň ikinji böleginde (nägilelik basgançakly kazyýetiň kesgitnamasy) göz öňünde tutulan kadalardan ugur alynmalydygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Eger Ýokary nägilelik basgançakly kazyýet tarapyndan jedelleşilýän çözgüt sökülip, iş seretmeklik we çözmek üçin ozalky kazyýet basgançagyna başga düzümde seretmeklige iberilýän bolsa, şol kazyýet Türkmenistanyň Ýokary

kazyýetiniň administratiw işleri boýunça kazyýet kollegiýasynyň hukuk bahasy bilen baglydyr.

23. Türkmenistanyň Administratiw iş ýörediş kodeksinde, Ýokary nägilelik basgançakly kazyýetiň kararlarynyň üstünden şikaýat bildirmek düzgünleriniň göz öňünde tutulmandygyny we onuň kararlarynyň gutarnykly bolup, yglan edilen pursatyndan güýje girýändigini hem-de şikaýat edilmäge degişli däldigini kazyýetlere düşündirmeli (Türkmenistanyň Administratiw iş ýörediş kodeksiniň 58-nji maddasy).

24. Kazyýetler administratiw işlerine seredenlerinde döwlet we raýat arasyndaky hukuk gatnaşyklarynyň çygrynda hukuk bozulmalarynyň döremegine sebäp bolan we şert döreden ýagdaýlary anyklamalydyrlar we kanunçylygyň bozulan halatlary ýüze çykarylanda, olar barasynda degişli guramalara ýa-da degişli wezipeli adamlara habar berip, hukuk bozulmalaryň öňüni almaga ýardam etmelidirler.

25. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň administratiw işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri degişli kazyýetler tarapyndan administratiw işleriniň öz wagtynda we dogry seredilmegini üpjün etmelidirler hem-de bu görnüşli işler boýunça kazyýet iş tejribesini yzygiderli umumylaşdyryp, ýüze çykarylan kemçilikleri aradan aýyrmak maksady bilen degişli çäreleri görmelidirler, şol sanda kazyýetlere zerur bolan amaly kömekleri bermelidirler.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy G.Ussanepesow

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy J.Açylow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 3

2022-nji ýylyň 23-nji iýuly Aşgabat şäheri

Saglyga şikesiň ýetirilmegi sebäpli ýüze çykan zyýanyň öwezini töletmek bilen bagly gatnaşyklary düzgünleşdirýän kanunçylygyň kazyýet iş tejribesinde ulanylyşy hakynda

(17.02.2024 ý. № 3; 19.10.2024 ý. № 9; 19.07.2025 ý. № 4; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Saglyga şikesiň ýetirilmegi sebäpli ýüze çykan zyýanyň öwezini töletmek bilen bagly raýat işlerine seretmekliginiň aýratynlyklaryny nazara alyp, şeýle hem bu gatnaşyklary düzgünleşdirýän kanunçylygyň kazyýetler tarapyndan dogry we birmeňzeş ulanylmagyny üpjün etmek maksady bilen, "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Plenum,

K A R A R E D Ý Ä R :

1. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 49-njy we 61-nji maddalaryna laýyklykda, her bir adamyň zähmete, öz islegine görä hünär, kär we iş ýerini saýlap almaga, zähmetiň sagdyn we howpsuz şertlerine hukugy bolup, döwlet edaralarynyň, gaýry guramalaryň, olaryň işgärleriniň, şeýle hem aýry-aýry adamlaryň bikanun hereketleri bilen özüne maddy ýa-da ahlak taýdan ýetirilen zyýanyň öweziniň tölenmegini kazyýet tertibinde talap etmäge hukugy bardyr.

Bu hukuklaryň hakykat ýüzünde amala aşyrylmagyny üpjün etmek maksady bilen, saglyga şikesiň ýa-da başga zeperiň ýetirilmegi ýa-da ekleýjisiniň ýitirilmegi (mundan beýläk-saglyga şikesiň ýetirilmegi) sebäpli ýüze çykan zyýanyň öwezini töletmek bilen bagly işlere seredilende, bu gatnaşyklary düzgünleşdirýän kanunçylygyň talaplarynyň dogry we doly ulanylmagynyň hem-de gyşarnyksyz berjaý edilmeginiň zerurdygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

2. Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň (mundan beýläk-Türkmenistanyň RIÝK-nyň) 38-nji maddasynyň birinji we ikinji böleklerine laýyklykda, saglyga şikesiň ýetirilmegi sebäpli ýüze çykan zyýanyň öwezini töletmek hakyndaky hak islegleri çäk degişliligi boýunça jogap berijiniň ýaşaýan ýeri boýunça (ýuridik şahsyň edarasynyň ýerleşýän ýeri boýunça ýa-da onuň emläginiň ýerleşýän ýeri boýunça) bildirilýär.

Şunuň bilen birlikde, bu görnüşli işler boýunça hak isleginiň hak isleýji tarapyndan özüniň ýaşaýan ýeri boýunça ýa-da şikesiň ýetirilen ýeri boýunça hem bildirilip bilinýändigine kazyýetler üns bermelidirler (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 39-njy maddasynyň bäşinji bölegi).

3. Türkmenistanyň RIÝK-nyň 80-nji maddasynyň birinji böleginiň 4-nji bendine laýyklykda, saglyga şikesiň ýetirilmegi sebäpli ýüze çykan zyýanyň öwezini töletmek hakyndaky işler boýunça hak isleýjiniň döwletiň girdejisine kazyýet çykdajylaryny, şol sanda döwlet pajyny tölemekden boşadylýandygyny hem-de döwlet pajynyň hak isleýiş talaplarynyň kanagatlandyrylan bölegine barabarlykda döwletiň girdejisine jogap berijiden tutulyp alynýandygyny kazyýetlere düşündirmeli (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 92-nji maddasynyň birinji bölegi).

4. Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň (mundan beýläk-Türkmenistanyň RK-nyň) 14-nji maddasynda, hukugy bozulan şahsyň özüne ýetirilen zyýanyň öweziniň tölenmegini talap edip bilýändigi barada umumy kada göz öňünde tutulan hem bolsa, saglyga şikesiň ýetirilmegi sebäpli ýüze çykan zyýanyň öwezini töletmek baradaky hak isleýiş arzalaryna seredenlerinde kazyýetler şol jedelleriň dogry çözülmegi üçin, ilki bilen haýsy gatnaşyklary düzgünleşdirýän kanunçylyk kadasynyň, ýagny şertnamalaýyn ýa-da şertnamalaýyn däl gatnaşyklarda ulanylýan maddy kanunyň ulanylmalydygyny aýdyňlaşdyrmalydyrlar we şoňa baglylykda hem, iş boýunça anyk ýagdaýlardan ugur alyp, degişli netijä gelmelidirler.

5.Saglyga şikes ýetirilmegi sebäpli ýüze çykan zyýany töletmek baradaky şu aşakdaky jedeller kazyýetde seredilmäge degişlidir:

a) zähmet borçlaryny ýerine ýetirende işgäriň saglygyna ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak hakyndaky;

b) özünde zähmet gatnaşygynda durmaýan adama edara, kärhana, gurama tarapyndan ýa-da aýratyn howply çeşmeden ýa-da başga adam tarapyndan ýetirilen zyýany töletmek hakynda;

ç) saglyga şikesiň ýetmegi bilen bagly jebir çekeniň saglygyny dikeltmek boýunça eden zerur goşmaça çykdajylaryny töletmek hakynda;

d) ekleýjisini ýitirenligi sebäpli ýetirilen zyýany töletmek hakynda;

e) zähmete ukyplylygynyň derejesiniň üýtgemegine ýa-da hasaba alynmaga degişli maýyplyk boýunça pensiýanyň möçberiniň üýtgemegine täsir edip biljek ýagdaýlarda, öň tölenmeli edilen zyýanyň möçberiniň ýokarlandyrylmagy ýa-da azaldylmagy hakynda;

f) jebir çekeniň degişli lukmançylyk barlagyndan geçip, saglyga zyýanyň ýetirilmegi bilen bagly täze möhlete tölegleri töletmek hakynda;

g) saglyga şikesiň ýetirilmegi sebäpli ýüze çykan zyýanyň öwezini töletmek bilen bagly kanunçylykda göz öňünde tutulan beýleki jedeller.

6. Bildirilýän hak islegiň häsiýetine baglylykda we onuň aýratynlyklary nazara alnyp, işiň kazyýet seljerişine taýýarlyk döwründe taraplar tarapyndan şu resminamalar kazyýete berilmelidir ýa-da olaryň alynmagy üçin kazyýet tarapyndan ýardam edilmelidir:

a) önümçilikde bolan betbagtçylykly hadysa barada degişli tertipde resmileşdirilen B-1 görnüşdäki ykrarnama;

b) hünär keseli baradaky degişli lukmanyň netijesi;

ç) zähmetiň tehniki inspektory ýa-da zähmetiň goralmagyna we zähmet kanunçylygynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýän başga wezipeli adam (edara) tarapyndan berlen, saglyga şikesiň ýetirilmeginiň sebäbi baradaky netijesi;

d) jebir çeken işgäriň degişli tertipde hasaplanan ortaça aýlygynyň möçberi barada delilhaty;

e) bellenen we hakyky alýan pensiýasy ýa-da betbagtçylyk hadysasy sebäpli maýyplyk boýunça bellenen ýa-da bellenip bilinjek pensiýanyň möçberi hakynda delilhaty;

ä) Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Hemaýata mätäçligi anyklaýjy toparynyň (HMAT) degişli netijesi (namasy);

f) kazyýet-lukmançylyk bilermenler toparynyň hünäri boýunça zähmete ukyplylygynyň ýitirilmeginiň derejesi baradaky netijesi;

g) jebir çekeniň saglygyny dikeltmek üçin zerur bolan goşmaça edilen çykdajylara we kömege mätäçdigi baradaky degişli lukmançylyk bilermenler toparynyň netijesi;

h) ekleýjiniň ölümi hakyndaky şahadatnamanyň nusgasy ;

i) aradan çykan ekleýji bilen garyndaşlyk gatnaşygyna güwä geçýän resminamalaryň nusgalary (nika hakyndaky şahadatnamanyň, çaganyň dogluş şahadatnamasynyň we beýleki resminamalaryň nusgalary);

j) aradan çykanyň maşgala agzalarynyň, şol sanda onuň eklemeginde bolan adamlaryň sany hakyndaky ýaşaýyş jaý-ulanyş edarasynyň we beýleki degişli edaralaryň delilhaty ýa-da beýleki resminamalar;

ž) aradan çykanyň ekleýjisinde bolan adamlar (şol sanda kämillik ýaşyna ýetmedik, şeýle hem bilim almagyň gündizki görnüşi boýunça okaýan 24 ýaşy dolmadyk çagalarynyň bardygy) hem-de olara ekleýjisini ýitirmegi bilen baglylykda pensiýanyň bellenendigi we onuň möçberi barada delilhaty;

k) zerur hasap edilen ýagdaýynda beýleki subutnamalar hem alnyp bilner.

7. Eýeçiliginň görnüşine garamazdan, kärhanalar, edaralar we guramalar, şeýle hem telekeçilik işi bilen meşgullanýan we hakyna tutma zähmeti ulanýan şahsy taraplar (iş berijiler) işçileriň, gullukçylaryň, daýhan birleşikleriniň (hojalyklarynyň) agzalarynyň zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen baglanyşykly olaryň saglygyna şikes, hünär keseli, saglygyna başga bir görnüşde zeper ýetmegi ýa-da aradan çykmagy sebäpli Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda maddy jogapkärçilik çekýärler we bellenen tertipde ýetirilen zyýanyň öwezini dolmaga borçludyrlar.

8. Zyýanyň öwezini dolmak jebir çekeniň zähmete ukyplylygyny ýitirmeginiň derejesine görä, onuň zähmetde şikes almagyna çenli döwrüň ortaça aýlyk zähmet hakyna göterimlerde her aýdaky (ýa-da ömürlik) töleginden, şeýle hem saglygyna zyýan ýetirilmeginiň döreden goşmaça çykdajylarynyň öweziniň tölenmeginden ybaratdyr.

Jebir çekene ýetirilen zyýanyň öwezini dolmagynyň möçberi bellenende, onuň zähmetde şikes almagy bilen baglanyşykly maýyplygy boýunça alýan döwlet kömek puly ýa-da pensiýa, zähmet haky, talyp haky hem nazara alynmalydyr.

Eger işgär önümçilikde betbagtçylykly hadysanyň ýa-da hünär keseliniň netijesinde aradan çykan bolsa, iş beriji tarapyndan aradan çykanyň maşgalasyna (maşgala agzalaryna) aradan çykanyň ýyllyk zähmet haklarynyň on essesi möçberinde birwagtlaýyn kömek puly tölenýär.

Şeýle hem maşgalanyň zähmete ukypsyz agzalaryna we aradan çykan ekleýjiniň eklemeginde duran we onuň aradan çykmagy bilen baglanyşykly zyýanyň öweziniň

tölenmegine hukugy bolan adamlara zyýanyň onuň özüne we zyýanyň öweziniň tölenmegine hukugy bolmadyk onuň eklemeginde duran zähmete ukyply adamlaryň paýyny tutup almak bilen, aradan çykanyň ortaça zähmet haky möçberinde kesgitlenilýär.

Zyýanyň öweziniň dolunmagyna hukugy bolan adamlaryň her birine zyýanyň öweziniň töleniş möçberini kesgitlemek üçin ýokarda görkezilen adamlaryň hemmesine degişli ekleýjiniň zähmet hakynyň bir bölegi olaryň sanyna bölünýär.

Aradan çykanyň eklemeginde bolan adamlara öwezini dolmagyň möçberi kesgitlenen mahaly, ekleýjisini ýitirendigi boýunça bellenen pensiýa möçberi hem hasaba alynmalydyr.

9. Gyzyklanýan şahslar saglyga şikesiň ýetirilmegi sebäpli ýüze çykan zyýanyň öwezini tölemek baradaky arza bilen ilki iş berijä ýüz tutmalydyrlar, soňky hem öz gezeginde arzanyň gowşan gününden başlap, on gün möhletde bu mesele boýunça degişli karar kabul etmäge borçludyr.

Karar iş berijiniň buýrugy bilen adamlaryň familiýalaryny görkezmek arkaly resmileşdirilýär, onda zyýanyň öwezini tölemek, maşgalanyň her bir agzasy üçin möçberleri we tölegleriň möhletleri bellenilýär.

Bu buýrugyň nusgasy ýa-da iş berijiniň delillendirilen ýazmaça ýüz döndermesi onuň kabul edilen gününden başlap, üç gün möhletde gyzyklanýan şahslara gowşurylmaga degişlidir.

Eger-de işgär ýa-da beýleki gyzyklanýan şahslar iş berijiniň karary bilen razylaşmadyk ýagdaýynda ýa-da bellenen möhletde jogaby almasalar, onda olar bu jedeliň çözülmegi üçin kazyýete ýüz tutmaga haklydyrlar.

10. Saglyga şikesiň ýetirilmegi sebäpli ýüze çykan zyýanyň öwezini töletmek bilen bagly arzalaryň kazyýetiň önümçiligine, diňe zähmet gatnaşygynda bolan işgäriň ýa-da aradan çykanyň eklemeginde bolan adamlaryň talaplary boýunça bu mesele boýunça iş berijiniň degişli çözgüdi çykarylan halatynda (ýa-da bu meselä bellenen on gün möhletiň içinde seredilmedik bolsa) kabul edilmäge degişlidigini kazyýetlere düşündirmeli.

Jebir çekeniň lukmançylyk barlagyndan gaýtadan geçip, täze möhlete tölegleri tutup almak baradaky hak isleýiş arzasyny kabul edenlerinde hem kazyýetler ol boýunça, ýokarda beýan edilen ilkinji, kazyýetden öň arza seretmegiň tertibiniň berjaý edilendigini-edilmändigini barlamalydyrlar.

11. Eger-de, şahs Daşary ýurtda işlän döwründe zähmetde şikes alan bolsa ýa-da onuň zähmetde alan şikesi ölmegine getiren bolsa, onda degişlilikde işgär ýa-da aradan çykan işgäriň maşgala agzalary ýetirilen zyýanyň öwezini tölemek hakyndaky arza bilen ilki bilen işgäri daşary ýurda iberen iş berijä ýa-da daşary ýurtda işlemäge kabul eden edara ýüz tutmalydyrlar.

12. Kärhananyň üýtgedilip guralan ýa-da eýesi çalşylan halatynda işgäriň öz zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen baglanyşykly saglyga şikes ýetmegi sebäpli ýüze çykan zyýanyň öwezini doluş tölegi boýunça borjy hukuk oruntutary çekýär.

Kärhana, şol sanda daşary ýurtly kärhana ýatyrylanda bu kärhananyň iş berijisi saglyga zähmet şikesiniň ýetirilmegi sebäpli ýüze çykan zyýanyň öweziniň tölenmegini talap etmäge hukugy bolan adamlara tölenmäge degişli ähli tölegleri bir wagtda geçirmäge borçludyr.

Kärhananyň geljekde ýatyryljakdygy, üýtgedilip guraljakdygy ýa-da eýesiniň çalyşjakdygy ýa-da fiziki şahs tarapyndan işiň bes ediljekdigi hakynda iş beriji, saglyga zähmet şikesiniň ýetirilmegi sebäpli ýüze çykan zyýany töletmäge hukugy bolan adamlara iki hepde möhletde ýazmaça görnüşde, görkezilen tölegleriň kim tarapyndan geçiriljekdigini görkezmek bilen habar bermäge borçludyr.

Iş beriji-fiziki şahs tarapyndan iş bes edilen mahalynda saglyga şikesiň ýetmegi sebäpli ýüze çykan zyýanyň öwezini doluş tölegi ýokarda görkezilen tertibe laýyklykda iş beriji-fiziki şahs tarapyndan amala aşyrylmalydygyna hem kazyýetler üns berilmelidir (Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 223-nji maddasy).

13. Zyýanyň öwezini töleme hökmünde tölegler iş beriji tarapyndan iş bilen baglanyşykly jebir çekene hem-de ekleýjiniň aradan çykmagy bilen baglanyşykly zyýanyň öweziniň tölenmegine hukugy bolan adamlara, olaryň iş berijä ýüz tutan wagtyna garamazdan, şeýle hukugyň dörän pursadyndan tölenýär.

Jebir çeken ýa-da zyýanyň öweziniň tölenmegine hukugy bolan adamlar tarapyndan öz wagtynda alynmadyk zyýanyň öwezini doluş pul möçberleriniň tölegi geçen döwür üçin haýsydyr bir möhlet bilen çäklendirilmezden geçirilýär.

14.Kazyýete jedeli çözmek üçin kimiň (işgäriň ýa-da ekleýjisini ýitirenleriň ýa-da iş berijiniň) ýüz tutýandygyna garamazdan, kazyýet tarapyndan işe raýat hak isleýiş önümçiligi tertibinde seredilip, işgär ýa-da ekleýjisini ýitirenler hak isleýji, talap bilen ylalaşmaýan iş beriji bolsa jogap beriji hökmünde işe gatnaşýarlar.

15. Saglyga şikesiň ýetirilmegi sebäpli ýüze çykan zyýanyň öwezini tölemegiň görnüşleri, mazmuny, esaslary we talap etmek hukugynyň möçberleri Türkmenistanyň RK-nyň 429-436-njy maddalarynda, şeýle hem Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 208-219-njy maddalarynda (zähmet gatnaşyklarynda ýüze çykan saglyga ýetirilen zyýany töletmek bilen bagly bolanda) göz öňünde tutulan kadalar we Türkmenistanyň Prezidentiniň 2015-nji ýylyň 6-njy noýabryndaky 14475-nji Karary bilen tassyklanylan, “Zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen baglanyşykly işgäriň saglygyna zeper ýetirilmegi ýa-da onuň aradan çykmagy bilen baglanyşykly zyýanyň iş beriji tarapyndan öwezini dolmagyň tertibi we möhletleri bilen kesgitlenendir.

16. Türkmenistanyň RK-nyň 436-njy maddasyna laýyklykda, eger zyýanyň emele gelmegine jebir çekeniň hereketleri hem ýardam eden bolsa, zyýanyň öwezini dolmak borjy we öwezi dolmagyň möçberi taraplaryň haýsy biriniň günäsi bilen zyýanyň köp möçberde getirilendigine baglydyr we bu kada jebir çekeniň günäsiniň zyýanyň öňüni almak ýa-da ony azaltmak üçin çäre görülmezliginde ýüze çykýan halatlarynda hem ulanylmalydygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Zyýanyň emele gelmeginde jebir çekeniň hem günäsiniň bardygy anyklanan halatynda, bu ýagdaýyň zyýanyň öwezini töletmegiň möçberini azaltmaklyk üçin esas bolup bilýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

17. Türkmenistanyň RK-nyň 1069-njy maddasynda göz öňünde tutulan umumy düzgüne laýyklykda, ýetirilen zyýan üçin şol zyýany ýetiren jogapkärçilik çekýär, eger ol öz günäsiniň ýokdugyny subut edip bilmese, şeýle edilýär.

Agzalan madda esasynda ýetirilen zyýany töletmek hakyndaky hak islegi bildirilende günäsiniň ýokdugynyň subutnamalaryny jogap berijiniň özi üpjün etmelidir. Jebir çeken hem öz gezeginde saglyga şikes ýetirilmeginiň faktyny tassyklaýan subutnamalary, ýetirilen zyýanyň möçberini, şeýle hem jogap berijiniň

zyýany ýetiriji bolup durýandygyny ýa-da kanuna laýyklykda zyýanyň öwezini tölemeklige borçly bolan şahs bolup durýandygyny tassyklaýan subutnamalary kazyýete bermelidir.

18. Kämillik ýaşyna ýetmedigiň jenaýatçylykly hereketleri bilen saglyga şikes ýetirilende, Türkmenistanyň RK-nyň 1071-nji maddasy esasynda raýat jogap beriji hökmünde işe çekilen ata-ene we oňa gözegçilik etmäge jogapkär şahslar, zyýanyň ýüze çykmagynda özleriniň günäsiniň ýokdugyny subut edip bilmeseler, jogap berýärler.

Ata-enäniň biri çagalaryndan aýry ýaşan halatynda hem, kämillik ýaşyna ýetmedik çagasynyň ýetiren zyýany boýunça jogapkärçilik çekýändikleri üçin, olaryň ikisi hem işe jogap beriji hatarynda çekilmelidir.

Eger atanyň (enäniň) biriniň günäsi bilen, beýlekisine çagany terbiýelemeklige gatnaşmaga päsgelçilik döredilen bolsa, onda soňkynyň jogapkärçiligi baradaky meseläni çözende kazyýet bu anyklanan ýagdaýlary nazara almalydyr.

Atasy-enesi (perzentlige alanlary) ýogalan kämillik ýaşyna ýetmedik çagalar tarapyndan ýetirilen zyýanyň öwezini töletmek baradaky işler boýunça, olara hossar ýa-da howandar bellenen şahslaryň ýa-da çaganyň terbiýelenmegine jogap berýän degişli edaranyň jogap beriji hatarynda çekilmelidigine kazyýetler üns bermelidirler.

19. Türkmenistanyň RK-nyň 1069-njy maddasyna laýyklykda, kanuna garşy bilkastlaýyn ýa-da seresapsyz hereketleri bilen, şol sanda jenaýatçylykly hereketleri bilen başga şahsa şikes ýetiren şahs şol zyýanyň öwezini tölemäge borçly bolup, zyýan ýetiren şahsyň günäsiniň görnüşine garamazdan, ol hereketlerden şikes alan raýatlaryň saglygyny dikeltmek üçin harçlanan serişdeleriniň öweziniň doly tölenmäge degişlidigini kazyýetlere düşündirmeli.

Türkmenistanyň RK-nyň 1083-nji maddasynyň birinji bölegine laýyklykda, jebir çekeniň ölen halatynda, zyýan ýetiriji olary eklemek öleniň üstüne ýüklenilen şahslara eklemegi bellemek arkaly ýetirilen zyýanyň öwezini dolmaga borçludyr.

Bu borç jebir çekeniň eklemäge borçly bolan döwrüniň bütin dowamynda öz güýjüni saklaýar.

20. Zähmet borçlaryny ýerine ýetirende işgäriň saglygyna şikesiň ýa-da başga zeperiň ýetirilmegi ýa-da onuň aradan çykmagy bilen baglanyşykly ýüze çykan zeleliň iş beriji tarapyndan öweziniň tölenmegi baradaky işlere seredip, meseläni çözenlerinde kazyýetler Türkmenistanyň Prezidentiniň 2015-nji ýylyň 6-njy noýabryndaky 14475-nji Karary bilen tassyklanylan, “Zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen baglanyşykly işgäriň saglygyna zeper ýetirilmegi ýa-da onuň aradan çykmagy bilen baglanyşykly zyýanyň iş beriji tarapyndan öwezini dolmagyň tertibinden we möhletlerinden ugur alyp, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2016-njy ýylyň 20-nji maýyndaky 14780-nji Karary bilen tassyklanan, “Önümçilikde bolan betbagtçylykly hadysalary derňemegiň we hasaba almagyň Tertibi” (mundan beýläk-Tertip) bilen kesgitlenen, önümçilikde bolan betbagtçylykly hadysalary derňemegiň, resmileşdirmegiň we ony hasaba almagyň tertibiniň berjaý edilendigini-edilmändigini hem barlamalydyrlar.

Tertibiň 5-nji bölegine laýyklykda, önümçilikde bolan betbagtçylykly hadysalary derňemek, resmileşdirmek we ony hasaba almak boýunça meseleler baradaky gapma-garşylyga, iş beriji tarapyndan betbagtçylykly hadysanyň ykrar edilmezligine,

derňewini geçirmekden hem-de degişli namany düzmekden ýüz öwürmegine we heläkçilik çekeniň ýa-da onuň ynanylan adamynyň şol namanyň mazmuny bilen ylalaşmazlygyna “Türkmenstandartlary” baş döwlet gullugy (onuň garamagyndaky edaralary) we kärdeşler arkalaşygy guramasy tarapyndan seredilýändigine we olaryň kararlarynyň hem kazyýete şikaýat edilip bilinýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

21. Tertibiň 9-njy böleginiň 3-nji bendine laýyklykda bolsa, iş beriji diýlip eýeçiligiň görnüşine garamazdan, ähli kärhanalar, edaralar, guramalar, şeýle hem ýuridik şahsy döretmezden, telekeçilik işini amala aşyrýan, hakyna tutma zähmeti ulanýan we işgär bilen zähmet gatnaşyklaryna girýän şahsy taraplar hem-de öý hojalygyny alyp barmak boýunça şahsy hyzmat we kömek etmek maksady bilen işgärler bilen zähmet gatnaşyklaryna girýän hususy telekeçi bolup durmaýan şahsy taraplar hasap edilýändigini we betbagtçylykly hadysa netijesinde ýetirilen zyýany töletmek baradaky degişli işler boýunça olaryň jogap berijiler hatarynda gatnaşýandyklaryna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

22. Ekleýjisiniň ýitirilen ýagdaýynda zyýanyň öweziniň tölenmegine bolan hukuklylaryň aradan çykan adamynyň eklenjinde bolan ýa-da onuň aradan çykan gününe çenli ondan eklenji almak üçin hukugy bar bolan zähmete ukypsyz adamlara, aradan çykan adamynyň aradan çykandan soň doglan çagasyna hem degişlidigini kazyýetlere düşündirmeli.

23. Ekleýjisiniň ýitirilendigi sebäpli ýüze çykan zyýanyň öweziniň tölenmegine hukugy bar bolan adamlaryň talaplarynyň çözülmeginde, şol adamlara zyýanyň öwezini tölemeli möçberi diňe bir aradan çykan adamyň ýaşan wagtynda hakykatda alan zähmet gazanjyndan (girdejisinden) ugur alyp däl-de, eýsemde oňa onuň ýaşan wagtynda tölenilmeli bolan, ýöne haýsydyr bir sebäpler bilen tölenilmedik zähmet gazanjyndan (girdejisinden) hem ugur alynmalydyr.

Aradan çykan jebir çekeniň eklemeginde bolanlar diýlip, eger olar onuň doly eklenjinde bolan bolsa ýa-da ondan ýaşamaklyk üçin serişdeleri hemişelik we esasy çeşmesi bolan kömegi alan bolsalar, hasap edilmelidir.

On sekiz ýaşyna ýetmedik çagalar hem eklençde bolan diýlip göz öňünde tutulýarlar we bu çagalarynyň bardygynyň anyklanmagy ýeterlik bolup, olaryň eklençde bolandygynyň faktynyň subut edilmegi talap edilmeýär.

Mundan başga-da, kazyýetler jebir çekeniň eklemeginde bolan diýlip, onuň ekläp-saklamaga borçly bolan, bilim almagyň gündizki görnüşi boýunça okaýan 24 ýaşy dolmadyk çagalarynyň (şol sanda perzentlige alnan we öweý çagalarynyň) hem hasap edilýändigini kazyýetlere düşündirmeli (Türkmenistanyň ilaty durmuş taýdan goramak hakyndaky kodeksiniň 27-nji maddasy).

24. Eger işgär öz gulluk borçlaryny ýerine ýetirýän mahaly kanuna ters gelýän hereketleri bilen üçünji tarapa maddy zyýan ýetiren bolsa, jebir çekene ýetirilen zyýanyň, Türkmenistanyň RK-nyň 1074-nji maddasyna laýyklykda, şol işgäriň zähmet gatnaşyklarynda durýan kärhanasynyň (iş berijiniň) tölemäge borçludygyny, eger-de işgär günäli hereket etmedik bolsa, onda onuň jogapkärçilik çekmeýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

Eger zyýan ýokary howply çeşmeden ýetirilen bolmasa, onda iş beriji zyýanyň öz günäsi bilen ýetirilmändigini subut eden halatynda hem jogapkärçilikden boşadylyp bilner.

25. Türkmenistanyň RK-nyň 1069-njy maddasynyň kadasyndan ugur alynanda, zerur goranmaklygyň ýagdaýynda zyýan ýetirilende zyýanyň öweziniň umumy esaslarda, diňe goranmagyň çäkleriniň ýokarlandyrylan ýagdaýynda tölenmelidigine we zyýanyň öwezini tölemegiň möçberiniň zyýany ýetirijiniň hereketleri bilen zyýan ýetirilmegine sezewar edilen jebir çekeniň hem günäsiniň derejesine baglylykda kesgitlenmelidigini kazyýetlere düşündirmeli.

26. Türkmenistanyň RK-nyň 1086-njy maddasyna laýyklykda, pes hilli önümi öndüreniň jogapkärçiligi hakyndaky mesele çözülende, eger pes hilli önüm saglygyň bozulmagyna, bedene şikes ýetmegine ýa-da adamyň ölmegine getiren bolsa, onda ýetirilen zyýany töletmek baradaky netijä, saglyga şikes ýetirilmegi sebäpli ýüze çykan zyýany töletmegiň tertibini düzgünleşdirýän kanunçylygyň kadalardan ugur alnyp gelinmelidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli (Türkmenistanyň RK-nyň 1091-nji maddasy).

27. Ulag serişdeleriniň ulanylmagy netijesinde şahsyň aradan çykmagy, maýyp bolmagy ýa-da saglygynyň bozulmagy bilen bagly ýetirilen zyýanyň öweziniň tölenmegi baradaky işlere seredilende, ýol-ulag hadysasyna sezewar bolan ulag serişdesiniň kim tarapyndan ulanylandygy, ony ulanan şahsyň nähili ygtyýarlyklarynyň bolandygy we beýleki ýagdaýlar anyklanyp, ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak baradaky netijä Türkmenistanyň RK-nyň 1076-njy maddasynda göz öňünde tutulan kada laýyklykda, şeýle hem ýokarda agzalyp geçilen Tertibiň düzgünlerinden ugur alnyp gelinmelidir.

28. Ýokary howply çeşmeden ýeten zyýany, onuň eýesi töleýär.

Ýokary howply çeşmäniň (meselem, awtotransport serişdeleriniň we ş.m.) eýesi diýlip, şol ýokary howply çeşmäni, özüniň oňa eýeçilik hukugy ýa-da kanunda göz öňünde tutulan beýleki esaslarda, dolandyrmaklygy amala aşyrýan edara ýa-da raýata düşünilmelidir.

Şoňa görä-de, ýokary howply çeşmäniň eýesi (edara, kärhana ýa-da beýleki iş beriji) bilen zähmet gatnaşygynda bolan işgär (meselem, sürüji) tarapyndan, iş berijä degişli awtoulagy dolandyrmagyň netijesinde jebir çekene ýetirlen zyýany tölemeklik borjy şol edaranyň, ýagny ýokary howply çeşmäniň eýesiniň üstüne ýüklenýär.

Ýokary howply çeşmäniň eýesi şol ýetirilen zyýany tölän halatynda bolsa, onuň zyýany ýetiren işgär barada regres tertibinde hak islegini bildirmäge hukugy döreýär.

29. Ýokary howply çeşmäniň eýesi kazyýet tarapyndan jogapkärçilikden boşadylyp bilner, eger-de ol zyýanyň ýeňip bolmajak güýjüň ýa-da jebir çekeniň özüniň niýeti bilen ýetirilendigini subut etse.

Ýeňip bolmajak güýç diýlip, degişli şertlerde dörän ýagdaýlarda ýüze çykan adatdan daşary we öňüni alyp bolmajak güýçlere düşünilmeli.

Jebir çekeniň niýeti diýlip bolsa, onuň özüni bikanun alyp barmagy bilen zyýanly netijäniň ýüze çykyp biljekdigini diňe görmän, zyýanyň ýüze çykmagyna ýol bermegine düşünilýär.

30. Ýokary howply çeşmäniň (meselem, awtoulagyň) eýesi, şol howply çeşme bilen ýetirilen şikes sebäpli ýeten zeleli tölemek borjundan boşadylyp bilner, haçanda ol awtoulagyň öz elinden erkine bagly bolmadyk günäsiz ýagdaýda, ýagny awtoulagy başga adamlaryň bikanun alyp gitmegi netijesinde, olaryň hereketleri bilen zyýanyň

ýetirilendigini subut etse (meselem, zyýan transport serişdesini alyp gaçan adamyň bikanun hereketleri bilen ýetirilip, jogapkärçiligi şol adam çekmeli bolsa).

Emma bu ýagdaýda hem kazyýet ýetirilen zyýanyň emele gelmeginde awtoulagyň eýesiniň günäsiniň bolup bilmek mümkinçiligini barlamalydyr we zyýanyň awtoulagyň alnyp gaçylyp, ony dolandyran adam tarapyndan ýetirilendigi anyklanan ýagdaýynda-da, onuň alnyp gaçylmagynda eýesiniň hem günäli özüni alyp barşy bolandygyny (meselem, awtoulagy degişli goragsyz, gözegçiliksiz galdyrmagy onuň alnyp gaçylmagyna şert döreden bolsa) ýa-da bolmandygyny anyklamalydyr, eger-de awtoulagyň alnyp gaçylmagyna soňky ýagdaýlar şert döreden bolsa, onda awtoulagyň eýesi hem ýetirilen zyýan üçin jogap bermelidir hem-de onuň we awtoulagy alyp gaçanyň maddy jogapkärçiligi baradaky mesele, olaryň her biriniň günäsiniň derejesine baglylykda zyýany paýly töletmek arkaly çözülmelidir.

31. Haçanda, jebir çeken adam zyýanyň ýetirilen pursatynda işlemedik bolsa, onuň islegine görä, onuň işden boşadylmagyndan ozalky aýlyk zähmet haky ýa-da degişli ýerdäki işgäriň hünär derejesine baglylykda tölenýän hak töleginiň adaty möçberi göz öňünde tutulmalydyr we her ýagdaýda-da ortaça aýlyk zähmet gazanjynyň möçberi Türkmenistan boýunça zähmete ukyply bolan ilatyň iň pes aýlygynyň möçberinden az bolmaly däldigini kazyýetlere düşündirmeli.

32. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň raýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri saglyga şikesiň ýetirilmegi sebäpli ýüze çykan zyýanyň öwezini töletmek bilen bagly raýat işleriniň birinji basgançakly kazyýetler tarapyndan dogry we öz wagtynda seredilmegini üpjün etmelidirler we olara degişli amaly kömekleri bermek arkaly bu görnüşli işler boýunça kabul edilýän kazyýet kararlarynyň hiliniň has-da ýokary bolmagyny gazanmalydyrlar.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy G.Ussanepesow

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy J.Açylow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 4

2022-nji ýylyň 23-nji iýuly Aşgabat şäheri

Aýyplanýanyň özüni goramaga bolan hukugyny düzgünleşdirýän kanunçylygyň kazyýet iş tejribesinde ulanylmagy bilen bagly ýüze çykýan käbir meseleler hakynda

(17.02.2024 ý. № 3; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 31-nji maddasynda, her bir adama özüni goramaga bolan hukugynyň kepillendirilmegi we onuň döwlet tarapyndan üpjün edilmegi hakyky adyl kazyýetligiň amala aşyrylmagynyň zerur şertidir.

Şoňa görä-de, jenaýat iş ýörediş önümçiliginde aýyplanýanyň özüni goramaga bolan hukugyny düzgünleşdirýän kanunçylygy ulanylanda kazyýet iş tejribesinde ýüze çykýan meseleleriň kazyýetler tarapyndan birmeňzeş we dogry çözülmegini üpjün etmek maksady bilen, "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendini gollanyp, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy

KARAR EDÝÄR:

1. Aýyplanýanyň özüni goramaga bolan hukugy jenaýat iş ýörediş önümçiliginiň esasy konstitusion ýörelgeleriniň biri bolup, ol hukugyň amala aşyrylmagynyň jenaýat iş ýörediş önümçiliginiň ähli tapgyrynda üpjün edilmelidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Jenaýat iş ýöredişiniň dowamynda özüni goramaga bolan hukuga güman edilýän, aýyplanylýan, kazyýetde işi seredilýän, iş kesilen, aklanan, garşysyna lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmak baradaky önümçiligi alnyp barlan adam we garşysyna terbiýeçilik täsirli mejbury çäre ulanylan kämillik ýaşyna ýetmedik, şeýle hem garşysyna jenaýat işi ýa-da jenaýat yzarlamasy ýatyrylan adamlar (mundan beýläk-aýyplanýanlar), iş ýöredişiň dowamynda haýsy hukuk ýagdaýynda bolup, atlandyrylýandyklaryna garamazdan eýedirler.

2. Ýokarda görkezilen, garşysyna iş alyp barylan adamlara jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edaralar tarapyndan degişlilikde Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň (mundan beýläk-Türkmenistanyň JIÝK-nyň) 79-njy (güman edilýän, onuň hukuklary we borçlary), 80-nji (aýyplanýan, onuň hukuklary we borçlary) we 354-nji (kazyýetde işi seredilýäniň kazyýet mejlisindäki hukuklary) maddalarynda göz öňünde tutulan hukuklary düşündirilmelidir we ol hukuklaryň üpjün edilmegi üçin olara kanunda bellenen şertler döredilmelidir.

Jenaýat iş ýörediş kanunçylygynyň kadalarynda göz öňünde tutulan bu hukuklary düşündirmeklik jenaýat iş ýöredişi alyp barmagyň tapgyryna baglylykda, anyklaýyş döwründe anyklaýjy, deslapky derňewde sülçi ýa-da prokuror, kazyýet mejlisinde bolsa kazy tarapyndan amala aşyrylmalydyr.

Şunda beýlekilerden tapawutlylykda kazyýet kazyýetde işi seredilýäne, diňe bir Türkmenistanyň JIÝK-nyň 354-nji maddasynda kesgitlenen hukuklaryny düşündirilmek bilen çäklenmän, eýsem-de onuň hukuklarynyň doly amala aşyrylmagyny üpjün etmek maksady bilen, kazyýet seljerişiniň dowamynda onuň jenaýat iş ýörediş kanunçylygynyň beýleki kadalarynda göz öňünde tutulan hukuklarynyň bardygynyň hem (meselem, kazyýet mejlisiniň teswirnamasy bilen tanyşmak we oňa bellikleri getirmek hukugy we ş.m.) düşündirilmelidigine kazyýetler üns bermelidirler.

3. Adamyň güman edilýän hökmünde sorag edilen, jenaýat etmekde güman edilip tutulyp saklanylan, aýyp bildirilen pursatyndan ýa-da aýyp bildirilýänçä ol barada tussag etmek görnüşindäki ätiýaçsyzlandyryş çäresi ulanylan halatynda bolsa, tutulyp saklanylan ýa-da tussag edilen pursatyndan başlap ýigrimi dört sagatdan gijä goýman şol adama tutup saklamagyň teswirnamasynyň ýa-da şol ätiýaçsyzlandyryş çäresiniň ulanylandygy hakyndaky kararyň yglan edilen pursatyndan başlap adwokat işe gatnaşmaga goýberilmelidir (Türkmenistanyň JIÝK-nyň 81-nji maddasynyň 1-nji bölegi).

Türkmenistanyň JIÝK-nyň 82-nji maddasynda görkezilen ähli ýagdaýlarda bolsa, onda görkezilen tertipde we pursatlarda adwokatyň işe gatnaşdyrylmagynyň hökmany bolup duráandygyna kazyýetler üns bermelidirler.

Adwokat işe gatnaşmak üçin aýyplanýan, onuň kanuny wekili, wekili şeýle hem aýyplanýanyň tabşyrmagy boýunça ýa-da onuň razylygy bilen başga adamlar tarapyndan çagyrylyp bilner. Aýyplanýanyň haýyşy boýunça adwokatyň işe gatnaşmagy iş ýöredişi alyp barýan edara tarapyndan üpjün edilýär.

Haçanda güman edilýän, aýyplanýan ýa-da kazyýetde işi seredilýän tarapyndan saýlanyp alnan adwokatyň, Türkmenistanyň JIÝK-nyň 355-nji maddasynyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan möhletde, ýagny 5 günüň dowamynda işe gatnaşmagy mümkin bolmasa, onda anyklaýjy, sülçi, prokuror ýa-da kazyýet, degişlilikde güman edilýäne, aýyplanýana ýa-da kazyýetde işi seredilýäne işe gatnaşmak üçin başga adwokat teklip etmäge, ýa-da hukuk maslahathanasynyň üsti bilen adwokat bellemäge haklydyr (Türkmenistanyň JIÝK-nyň 81-nji maddasy).

4. Türkmenistanyň JIÝK-nyň 83-nji maddasyna laýyklykda, aýyplanýanyň adwokatdan ýüz döndermäge hukugy bardyr, ýöne şunuň ýaly ýüz dönderme diňe onuň öz başlangyjy boýunça we meýletin bolanda ýol berilýändigini we munuň özüniň döwlet aýyplaýjysynyň, şonuň ýaly-da beýleki güman edilýäniň, aýyplanýanyň, kazyýetde işi seredilýäniň adwokatlarynyň işe gatnaşmagyny dowam etmegi üçin päsgelçilik bolup bilmeýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

5. Aýyplanýanyň maddy ýagdaýy sebäpli adwokatdan ýüz döndermegi iş ýörediş önümçiligini alyp baryjy tarapyndan kabul edilmeli däldir.

Şeýle-de, Türkmenistanyň JIÝK-nyň 82-nji maddasynyň birinji böleginiň 2-5-nji, 7-nji we 10-njy bentlerinde görkezilen halatlarda, ýagny, kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işleri boýunça; lallaryň, kerleriň, körleriň we beden ýa-da akyl taýdan ýetmezçilikleri zerarly özlerini goramak hukugyny özbaşdak amala aşyryp bilmeýän adamlaryň işleri boýunça; aýyplanýany ýatymlaýyn psihiatriýa bilermenler seljermesine ugratmak hakyndaky meselä seredilen mahalynda; kazyýet önümçiliginiň ýöredilýän dilini bilmeýänleriň we sowatsyzlaryň işleri boýunça; anyklaýjy, sülçi, prokuror ýa-da kazyýet, jenaýat eden mahaly kämillik ýaşyna ýetmedik, ýöne anyklaýşyň, deslapky derňewiň ýa-da kazyýet seljerişiniň dowamynda kämillik ýaşyna ýeten adamlaryň işleri boýunça we şu maddanyň 3-nji bendinde görkezilen sebäplerden beýleki sebäplere görä özlerini goramak hukugyny özbaşdak amala aşyryp bilmeýän ýa-da amala aşyrmakda kynçylyk çekýän adamlaryň işleri boýunda adwokatyň işe gatnaşmagyny zerur hasap edende, şeýle hem lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmak hakyndaky işler boýunça güman edilýäniň, aýyplanýanyň ýa-da kazyýetde işi seredilýäniň adwokatyň kömeginden ýüz döndermeginiň anyklaýjy, sülçi, prokuror, kazyýet üçin hökman däldir.

Şunuň bilen birlikde, Türkmenistanyň JIÝK-nyň 82-nji maddasynyň dördünji böleginde görkezilen ýagdaýlarda, ýagny eger goralýanlaryň bähbitleriniň arasynda çaprazlyk bolup, aýyplanýana başga adwokat teklip edilende adwokatdan ýüz dönderen halatynda, aýratyn agyr jenaýatlary etmekde aýyplanýan tarapyndan ýa-da özi barada ätýiýaçsyzlandyryş çäresi hökmünde tussag etmek ulanylan aýyplanýan tarapyndan bildirilen, şeýle hem aýyplanýanyň işine seredilende kazyýet seljerişine döwlet aýyplaýjysynyň gatnaşan ýagdaýynda, adwokatdan ýüz döndermäniň kabul edilmegine ýol berilýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Agzalyp geçilen ýagdaýlarda hem, birinji basgançakly kazyýetde işe seredilende adwokatdan ýüz döndermäniň kabul edilmegine, diňe kazyýet mejlisine adwokatyň hakykat ýüzünde gatnaşmagy üpjün edilen halatynda ýol berilýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

6. Aýyplanýanyň özüni goramaga bolan hukugy diňe bir onuň adwokatyň kömeginden peýdalanmagyny öz içine alman, eýsemde onuň öz hukuklaryny özüniň goramagyny, kanuny wekiliniň, wekiliniň üsti bilen, kanunda gadagan edilmedik usullar we serişdeler arkaly goralmagyny, şol sanda onuň öz garşysyna bolan güman edilme ýa-da bildirilen aýyp boýunça düşündiriş, görkezme bermäge ýa-da görkezme bermekden ýüz döndermäge, subutnama bermäge, haýyşlary we ynamsyzlygy bildirmäge, öz ene dilinde ýa-da başga bilýän dilinde görkezme bermäge, iş ýörediş önümçiliginiň dilini bilmeýän ýagdaýynda terjimeçiniň hyzmatyndan peýdalanmaga, kazyýet seljerişiniň dowamynda gatnaşmaga, çykyş etmäge we ahyrky sözden peýdalanmaga, işiň materiallary bilen tanyşmaga we iş boýunça çykarylan kararlara bellenen tertipde şikaýat bildirmäge bolan we beýleki hukuklardan peýdalanmagyny hem öz içine alýandygyny kazyýetlere düşündirmeli.

Adwokatynyň ýa-da kanuny wekiliň, wekiliň işe gatnaşmagy aýyplanýanyň haýsyda bolsa bir hukugyny çäklendirmäge ýa-da ondan mahrum etmäge esas bolup bilmez.

7. Aýyplanýanyň özüni goramaga bolan hukugynyň kazyýet mejlisinde kazyýet tarapyndan üpjün edilýändigini nazara alyp, kazyýetler kazyýetde işi seredilýänleri, şol sanda tussagda saklanýanlaryny kazyýet seljerişiniň boljak wagty we ýeri barada bellenen tertipde öz wagtynda habarly etmelidirler ýa-da olaryň getirilmegini üpjün etmelidirler.

Kazyýetde işi seredilýäniň kazyýet mejlisine gatnaşmagy hökmanydyr, onuň ýoklugynda işe seretmeklige diňe kanunda göz öňünde tutulan halatlarda, ýagny haçanda ol Türkmenistanyň çäklerinden daşda bolup, kazyýete gelmekden boýun gaçyrýan bolsa ýa-da tussaglykda saklanýan, kazyýetde işi seredilýän kazyýet mejlisine gelmekden ýüz dönderýän bolsa ýol berilýär, ýöne bu ýagdaýlarda hem işe onuň ýoklugynda seljermeklik diňe adwokatyň hökmany gatnaşmak şertinde mümkindir (Türkmenistanyň JIÝK-nyň 353-nji maddasy).

8. Türkmenistanyň JIÝK-nyň 370-nji maddasyna laýyklykda, kazyýet mejlisinde tertip bozulan mahalynda, başlyklyk edijiniň buýruklaryna iş ýöredişe gatnaşyjynyň tabyn bolmadyk halatynda, başlyklyk ediji kazyýet mejlisiniň tertibini bozujynyň (döwlet aýyplaýjysyndan we adwokatdan başgalaryň) kazyýet mejlishanasyndan çykaryljakdygy ýa-da administratiw temmisiniň ulanyljakdygy barada duýduryş berýär, ýöne administratiw temmisiniň kazyýetde işi seredilýän barada ulanylmagyna ýol berilmeýändigi sebäpli, oňa diňe kazyýet mejlishanasyndan çykaryljakdygynyň duýdurylyp bilinýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

Eger-de kazyýetde işi seredilýän özüne edilen duýduryşdan soň hem, başlyklyk edijiniň buýruklaryna tabyn bolmazlygyny dowam etse, onda onuň kazyýetiň karary (kesgitnamasy) bilen kazyýet mejlishanasyndan çykarylyp bilinýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

Kazyýetde işi seredilýän kazyýet mejlishanasyndan çykarylan halatynda, hökümi yglan etmeklik onuň gatnaşmagynda amala aşyrylýar ýa-da yglan edilenden soň haýal etmän ondan dil haty almak bilen oňa mälim edilmelidir.

9. Haçanda kazyýetde işi seredilýän kazyýetiň kesgitnamasy (karar) bilen belli bir wagta (meselem, jebir çeken ýa-da şaýat sorag edilýänçä) kazyýet mejlishanasyndan çykarylylyp, soň kazyýet mejlishanasyna gaýtarylyp getirilen bolsa, onda oňa jebir çekeniň, şaýadyň görkezmeleri yglan edilip, olara sowal bermäge we olaryň görkezmeleri bilen baglylykda görkezme bermäge mümkinçilik berilmelidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

10. Türkmenistanyň JIÝK-nyň 353-nji maddasynyň ikinji böleginiň 2-nji bendinde görkezilen ýagdaýlara görä, kazyýet mejlisine kazyýetde işi seredilýäniň gelmegini üpjün etmek mümkin bolmasa, eger aýyplanýan, onuň kanuny wekili, wekili ýa-da aýyplanýanyň tabşyrmagy boýunça başga adamlar tarapyndan adwokat çagyrylmadyk bolsa, onda kazyýet aýyplanýanyň goranmaga bolan hukugyny üpjün etmek maksady bilen, adwokatyň bellenmegi üçin çäre görmelidir we işe adwokatyň hökmany gatnaşmagynda seretmelidir.

11. Aýyplanýanyň adwokaty öz islegine görä çagyrmaga bolan hukugy, aýyplanýanyň özüni goramak üçin islendik adwokaty saýlamaga we ony işe gatnaşmaklyga çagyrmaga bolan hukugyny aňlatmaýar.

Türkmenistanyň JIÝK-nyň 105-nji maddasyna laýyklykda, eger adwokat şol bir işe ozal anyklaýjy, sülçi, prokuror, kazy, kazyýetiň oturdaşy, kazyýet mejlisiniň kätibi, şaýat, bilermen, hünärmen ýa-da güwä hökmünde gatnaşan bolsa ýa-da işiň derňelmegine ýa-da kazyýetde seredilmegine gatnaşan ýa-da gatnaşýan wezipeli adam bilen garyndaşlyk gatnaşygy bar bolsa ýa-da eger ol kazyýetde işi seredilýäniň ýa-da onuň wekiliniň bähbitlerine ters gelýän garaýyşly adamlara hukuk kömegini ozal beren ýa-da berýän bolsa, şeýle hem şol adamlar bilen garyndaşlyk gatnaşygy bar bolsa, ol adwokat kazyýetde işi seredilýäniň bähbidini goramaklyga gatnaşyp bilmeýär we onuň kazyýet mejlisine gelen halatynda hem, oňa ynamsyzlyk bildirmek baradaky mesele işe gatnaşyjylaryň haýyşy ýa-da kazyýetiň başlangyjy boýunça çözülmäge degişlidir.

Eger adwokat tarapyndan goralýan kazyýetde işi seredilýänleriň öz-aralaryndaky bähbitleriniň bir-birine garşy gelýändigi ýüze çykarylsa, (meselem, bir aýyplanýanyň şol bir jenaýat halaty boýunça günäsini boýun alyp, beýleki aýyplanýan günäsini boýun almaýan bolsa ýa-da bir aýyplanýan beýleki aýyplanýany paş edýän bolsa we ş.m.), onda bu ýagdaýyň hem ol adwokat üçin ynamsyzlyk bildirilmegine esas bolýandygyny we olaryň bähbitleriniň arasyndaky şol gapma-garşylygyň jenaýat iş ýörediş önümçiliginiň haýsy tapgyrynda ýüze çykandygynyň ähmiýetiniň ýokdugyny hem kazyýetlere düşündirmeli.

12. Türkmenistanyň JIÝK-nyň 81-nji maddasynyň ikinji bölegine laýyklykda, aýyplanýanyň haýyşy boýunça adwokat hökmünde kanuny bähbidi goralýanyň ýakyn garyndaşlarynyň we beýleki adamlaryň hem işe gatnaşdyrylyp bilinýändigi göz öňünde tutulandyr.

Aýyplanýanyň bu babatdaky haýyşyny çözende, kazyýet diňe bir ol adamlaryň kazyýet mejlisine adwokat hökmünde gatnaşmagyna päsgel berýän, kanunda göz öňünde tutulan, adwokata ynamsyzlyk bildirmek üçin esaslaryň ýa-da beýleki çäklendirmeleriň bardygyny-ýokdugyny göz öňünde tutman, eýsemde aýyplanýana bildirilen aýybyň häsiýetini, aýratynlygyny we agyrlyk derejesini, şeýle hem muňa işe gatnaşmagy haýyş edilýän adamlaryň öz razylygy bar bolup, olaryň aýyplanýanyň kanunda bellenen hukugyny we bähbidini goramak üçin, sowatly, degişli ýuridik kömegi bermäge mümkinçilikleriniň bardygyny-ýokdugyny hem nazara almalydyr.

Aýyplanýanyň haýyşyny kanagatlandyrmak ýa-da kanagatlandyrmakdan ýüz döndermek hakynda kazyýet kesgitnama (karar) çykarýar.

13. Türkmenistanyň JIÝK-nyň 80-nji maddasyna laýyklykda, aýyplanýanyň adwokat tutunmaga bolan hukugy kepillendirilendir, bir ýa-da birnäçe adwokat işe gatnaşmak üçin, aýyplanýanyň özi, onuň kanuny wekili, şeýle hem aýyplanýanyň tabşyrmagy ýa-da razylygy bilen başga adamlar tarapyndan çagyrylyp bilner.

Eger aýyplanýan tarapyndan kazyýet seljerişiniň gaýra goýulyp, özüniň saýlan adwokatynyň çagyrylmagy barada haýyş bildirilen halatynda, oňa Türkmenistanyň JIÝK-nyň 355-nji maddasynyň talaplaryna laýyklykda, saýlan adwokatynyň

haýyşynyň kanagatlandyrylan gününden başlap 5 günüň dowamynda kazyýet mejlisine gelmegi mümkin bolmasa, onda kazyýetiň oňa başga adwokaty tutunmagy teklip edip bilýändigi, ýüz dönderen ýagdaýynda bolsa, kazyýetiň özüniň adwokaty belleýändigi kazyýet tarapyndan düşündirilmelidir.

Aýyplanýanyň goragyny amala aşyrýan adwokata ynamsyzlyk bildirilip, kazyýet mejlisine başga adwokatyň gatnaşmagyny üpjün etmeklik meselesi ýüze çykanda hem, kazyýet ony ýokarda aýdylan tertibe laýyklykda çözmelidir.

Haçanda, aýyplanýanyň hukugyny ol tarapyndan tutulan birnäçe adwokat goraýan bolup, olaryň biriniň kazyýet mejlisine gelip, beýlekileriniň bolsa, kazyýet mejlisiniň boljak güni, ýeri we wagty barada bellenen tertipde habarly edilendiklerine garamazdan, kazyýet mejlisine gelmedik halatynda, bu ýagdaýyň kazyýet seljerişiniň, şol adwokatlaryň ýeke biriniň gatnaşmagynda alnyp barylmagyna päsgel bolup bilmeýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

14. Eger kazyýet seljerişiniň dowamynda döwlet aýyplaýjysy tarapyndan Türkmenistanyň JIÝK-nyň 356-njy maddasyna laýyklykda, kazyýetde işi seredilýäniň ýagdaýy ýaramazlaşdyrylmaýan we onuň özüni goramak hukugy bozulmaýan ýagdaýlarda, aýyplawy üýtgedilýän bolsa, kazyýet aýyplanýanyň ýa-da onuň adwokatynyň haýyşy boýunça, döwlet aýyplaýjysynyň aýyby goldaýan böleginden goranmaga bolan garaýyşlaryny özara maslahatlaşmak üçin, olara wagt bermelidir.

15. Kazyýetiň hökümi iş kesileniň (aklananyň) düşünmeýän dilinde beýan edilen halatynda, höküm yglan edilmeginiň yz ýanynda hökümiň düýp manysy kazyýetde işi seredilýäniň ene dilinde ýa-da onuň düşünýän başga dilinde düşündirilmäge degişlidir.

Mundan başga-da, höküm yglan edilenden soň bäş gije-gündizden gijä goýulman onuň göçürilen nusgasy iş kesilene, aklanana gowşurylmalydyr, eger höküm iş kesileniň (aklananyň) bilmeýän dilinde beýan edilen bolsa, onda hökümiň onuň ene diline ýa-da onuň bilýän başga bir diline ýazmaça edilen terjimesi oňa gowşurylmalydyr (Türkmenistanyň JIÝK-nyň 431-nji maddasynyň ikinji bölegi we 433-nji maddasy).

16.Hökümi yglan edenden soň, başlyklyk ediji iş kesilene (aklanana) we iş ýöredişe beýleki gatnaşyjylara oňa şikaýat etmegiň tertibini we möhletini, kazyýet mejlisiniň teswirnamasy bilen tanyşmaga we oňa bellikleri getirmäge, şeýle hem işiň nägilelik tertibinde seredilmegine gatnaşmaga bolan hukuklaryny düşündirmelidir we olara bu hukuklarynyň düşündirilendigi barada kazyýet mejlisiniň teswirnamasynda görkezilmelidir.

17. Türkmenistanyň JIÝK-nyň 121-nji maddasyna laýyklykda, kazyýet mejlisiniň teswirnamasy kazyýet mejlisi tamamlanandan soň bäş gije-gündiziň, aýratyn çylşyrymly işler boýunça bolsa on gije-gündizden gijä goýulman taýýarlanylyp, oňa başlyklyk ediji we kazyýet mejlisiniň kätibi tarapyndan gol çekilmelidir.

Teswirnama gol çekilenden soň bäş gije-gündiziň dowamynda, kazyýetde işi seredileniň we onuň adwokatynyň, kazyýet mejlisiniň teswirnamasy bilen

tanyşmaga we onuň nädogrydygyny ýa-da doly däldigini görkezip, teswirnama barada özleriniň belliklerini getirmäge haklary bardyr.

Haçanda kazyýet mejlisiniň teswirnamasy ýokarda agzalyp geçilen, degişli möhletler geçirilip taýýarlanan bolsa, onda kazyýet kazyýet mejlisiniň teswirnamasynyň taýýarlanandygy we onuň bilen tanyşmak mümkinçiliginiň dörändigi barada kazyýetde işi seredilene we onuň adwokatyna habar bermelidir.

18. Türkmenistanyň JIÝK-nyň 461-nji maddasyna laýyklykda, eger aklananyň bigünäligine şübhe döremeýän bolsa, jenaýat iş ýörediş kanunynyň düýpli bozulandygy hakyndaky, şol sanda aýyplanýanyň özüni goramaga bolan hukugynyň bozulandygy esasynda aklaw höküminiň, işi önümçilikden ýatyrmak hakyndaky kesgitnamanyň (kararyň) ýa-da kazyýetde işi seredilýäniň peýdasyna çykarylan başga çözgüdiň sökülmegine ýol berilmeýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Aklaw höküminiň ýa-da aýyplaw höküminiň, degişlilikde işi kazyýetde seredileniň nädogry aklanandygy ýa-da iş kesilene ýeňil jezanyň bellenendigi ýa-da oňa has agyr jenaýat baradaky kanunyň ulanylmagynyň zerurdygy esaslarda sökülmegine, diňe prokuroryň, jebir çekeniň we onuň wekiliniň şol esaslarda, bellenen tertipde we möhletde, degişlilikde teklipnama getiren we şikaýat bildiren halatlarda ýol berilýändigini hem kazyýetlere düşündirmeli (Türkmenistanyň JIÝK-nyň 461-nji we 462-nji maddalary).

Eger aklaw ýa-da aýyplaw höküminiň kanuny güýje girenine bir ýyl bolup geçen bolsa, onda olaryň ýokardaky görkezilen esaslarda sökülmegi üçin, jenaýat işleriniň gözegçilik tertibinde gaýtadan seredilmegine ýol berilmeýändigine hem kazyýetler aýratyn üns bermelidirler (Türkmenistanyň JIÝK-nyň 487-nji maddasy).

19. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri, her bir jenaýat işi boýunça deslapky derňew geçirilende we oňa kazyýet mejlisinde seredilende jenaýat iş ýörediş kanunçylygynyň talaplarynyň dogry we doly berjaý edilişine kazyýet gözegçiligini güýçlendirmelidirler we aýyplanýanyň özüni goramaga bolan hukugynyň bozulmagyna ýol berilendigi ýüze çykarylan halatynda bolsa, olar barasynda hususy kesgitnama (karar) çykarmak arkaly, degişli döwlet we beýleki edaralaryň ýa-da wezipeli adamlaryň ünsüni çekmelidirler.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy G.Ussanepesow

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy J.Açylow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 5

2022-nji ýylyň 23-nji iýuly Aşgabat şäheri

Jenaýat iş ýörediş önümçiliginde jebir çekeniň gatnaşmagyny düzgünleşdirýän kanunçylygyň kadalarynyň kazyýet iş tejribesinde ulanylyşy hakynda

(18.03.2023 ý. № 6; 17.02.2024 ý. № 3; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Jenaýat iş ýörediş önümçiliginde jebir çekeniň gatnaşmagyny düzgünleşdirýän kanunçylygyň kadalarynyň berk berjaý edilmegi jenaýat netijesinde zyýan çeken şahsyň adyl kazyýetlige elýeterli bolup, onuň kazyýet goraglylygyna bolan konstitusion hukugynyň amala aşyrylmagynda we oňa ýetirilen zyýanyň doly tölenmeginiň üpjün edilmeginde uly ähmiýete eýedir.

Şunuň bilen baglylykda, jenaýat iş ýörediş önümçiliginde jebir çekeniň gatnaşmagyny düzgünleşdirýän kanunçylygynyň kadalaryny ulanmakda kazyýet iş tejribesinde ýüze çykýan soraglara ugrukdyryjy düşündirişleri bermek we bu kanunçylygyň kazyýetler tarapyndan dogry we birmeňzeş ulanylmagyny üpjün etmek maksady bilen, "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendini gollanyp, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy

K A R A R E D Ý Ä R :

1. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 60-njy maddasyna laýyklykda, her kime at-abraýynyň we mertebesiniň, şeýle hem Konstitusiýada hem-de kanunlarda göz öňünde tutulan hukuklarynyň we azatlyklarynyň kazyýet goragynyň kepillendirilýändigine we şunuň bilen baglylykda kanunda bellenen tertipde jebir çekeniň adyl kazyýetlikden peýdalanmaga we özüne ýetirilen zyýanyň öweziniň doly tölenmegini talap etmäge bolan hukugynyň jenaýat iş ýörediş önümçiliginiň dowamynda üpjün edilmelidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

2. Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň (mundan beýläk Türkmenistanyň JIÝK-nyň) 86-njy maddasyna laýyklykda, jebir çeken diýlip, jenaýat netijesinde at-abraýyna, mertebesine esassyz we bikanun zyýan ýetirilen, şeýle hem beden ýa-da emläk taýdan zyýan ýetirilen adam hasap edilýär.

Jenaýat netijesinde öz emlägine we iş at-abraýyna zyýan ýeten ýuridik şahslar hem jebir çeken diýlip hasap edilýärler.

Jenaýat edilmegi netijesinde zyýan çeken şahs, raýatlygyna, ýaşyna, fiziki ýa-da psihiki ýagdaýyna we onuň şahsyýeti barada beýleki maglumatlara, şol sanda

jenaýata gatnaşan adamlaryň ählisiniň anyklanmandygyna garamazdan jebir çeken diýlip bilinmäge degişlidir.

Şunda jebir çekene zyýanyň jenaýat netijesinde-de, şeýle-de akyly ýerinde dällik ýagdaýynda edilen jenaýat kanunynda gadagan edilen hereketler bilen hem ýetirilip bilinýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

3. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň (mundan beýläk Türkmenistanyň JK-nyň) 113-nji maddasynda, 131-nji maddasynyň birinji böleginde göz öňünde tutulan jenaýatlar baradaky işler boýunça jebir çeken prokuratura ýa-da içeri işler edaralaryna ýüz tutmaga haklydyr. Görkezilen jenaýatlar baradaky işler boýunça kazyýet seljerişinde jebir çekeniň özi ýa-da öz wekiliniň üsti bilen aýyplawy goldamaga haky bardyr.

4. Jenaýat netijesinde özüne zyýan ýeten şahsyň, anyklaýjy, sülçi, prokuror ýa-da kazy tarapyndan degişli karar (kazyýet tarapyndan kesgitnama) çykarylan pursatyndan başlap, Türkmenistanyň JIÝK-nyň 86-njy maddasynda göz öňünde tutulan, jebir çekeniň hukuklaryna we borçlaryna eýe bolýandygyny kazyýetlere düşündirmeli.

Özüne zyýan ýeten hasap edýän şahsy jebir çeken diýip bilmek baradaky mesele, onuň arzasy esasynda, şeýle hem iş önümçiliginde bolan edaranyň başlangyjy boýunça çözülýär.

Jebir çeken hasap etmekden ýüz döndermek hakyndaky degişli karara Türkmenistanyň jenaýat iş ýörediş kodeksinde bellenen tertibe laýyklykda şikaýat bildirilip bilner.

Eger kazyýete gelip gowşan jenaýat işi boýunça, jenaýat netijesinde zyýan ýetirilen şahsyň jebir çeken diýlip bilinmändigi anyklansa, onda kazyýet ol şahsy jebir çeken diýip hasap etmek baradaky meseläni çözýär, bu barada ony habarly edýär we hukuklaryny we borçlaryny düşündirip, oňa işiň ähli materiallary bilen tanyşmak mümkinçiligini döredýär.

5. Haçanda kazyýete gelip gowşan iş boýunça kazyýet tarapyndan iş boýunça şahsyň ýeterlik esas bolmazdan jebir çeken diýlip bilinendigi anyklanan halatynda, kazyýet ol şahsyň ýalňyşlykda jebir çeken diýlip hasap edilendigi barada kesgitnama (karar) çykarýar we ol şahsa kazyýet tarapyndan kabul edilen bu çözgüdiň üstünden nägilelik tertibinde hususy şikaýat getirip bilýändigini düşündirýär.

Kazyýetiň bu mesele boýunça kabul eden kesgitnamasynyň (kararynyň) kazyýet seljerişini togtatmaklyga esas bolmaýandygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

6. Adamyň ölmegine getiren jenaýatlar baradaky işler boýunça jebir çekeniň hukuklary, ýogalanyň ýakyn garyndaşlarynyň birine geçýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

Türkmenistanyň JIÝK-nyň 6-njy maddasynyň 59-njy bendine laýyklykda, ýakyn garyndaşlar diýlip ata-ene, çagalar, perzentlige alyjylar, perzentlige alnanlar, süýtdeş doganlar we uýalar, ata-baba, ene-mama, agtyklar, är-aýal hasap edilýärler.

Eger agzalan netijelere getiren jenaýat ýakyn garyndaşlaryň birbada birnäçesiniň hukuklaryna we kanuny bähbitlerine degip, olar ýogalanyň ýakyn garyndaşlary hökmünde özleriniň jebir çeken diýlip bilinmegini haýyş edýän bolsalar, onda kazyýet, öz gelen netijesini delillendirmek arkaly, olary jebir çekenler diýip ykrar etmek baradaky karara gelip biler.

Kanunda görkezilen ýakyn garyndaşlaryň sanawynyň gutarnyklydygyny nazara alyp, Türkmenistanyň JIÝK-nyň 6-njy maddasynyň 59-njy bendinde atlandyrylmadyk beýleki adamlaryň (meselem, ýogalanyň goňşusy, gowy gatnaşan tanyşy we ş.m.) jebir çeken diýlip bilinmegine ýol berilmeýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

7. Jebir çeken diýlip ýuridik şahs hasap edilen halatynda, kazyýetde onuň hukuklaryny we borçlaryny, ygtyýarlyklary bellenen tertipde degişli resminamalar bilen tassyk bolýan wekili amala aşyrýar.

Kazyýet seljerişinde edaranyň, kärhananyň, guramanyň ýolbaşçysy gatnaşýan halatynda hem, onuň ygtyýarlyklary degişli ynanç haty esasynda ýa-da bellenen tertipde resmileşdirilen başga resminamalar bilen tassyklanan bolmalydyr.

8. Eger jebir çeken kämillik ýaşyna ýetmedik ýa-da özüniň fiziki ýa-da psihiki ýagdaýy sebäpli, hukuklaryny we kanuny bähbidini özbaşdak gorap bilmeýän şahs bolsa, onda onuň hukuklaryny goramak üçin, iş ýörediş önümçiligine onuň kanuny wekili ýa-da wekili gatnaşdyrylmalydyr.

Kanuny wekiliň kämillik ýaşyna ýetmedik jebir çekeniň bähbidiniň tersine hereket edýändigi anyklanan halatynda bolsa, kazyýet ony işe gatnaşmakdan çetleşdirmek barada kesgitnama (karar) çykarýar we oňa çözgüdi şikaýat etmekligiň tertibini düşündirýär hem-de başga adamlary ýa-da hossarlyk we howandarlyk edaranyň wekilini kämillik ýaşyna ýetmedik jebir çekeniň kanuny wekili diýlip bilinmegi üçin çäreleri görýär.

Kämillik ýaşyna ýetmedik jebir çekeniň kanuny wekilini kazyýet seljerişine çagyrmak meseläni çözende, kazyýet Türkmenistanyň JIÝK-nyň 6-njy maddasynyň 41-nji bendinde göz öňünde tutulan kadadan hem ugur almalydyr, çünki diňe onda atlandyrylan fiziki we ýuridik şahslaryň, ýagny jebir çekeniň ata-enesiniň, perzentlige alyjylaryň, hossarlaryň, howandarlaryň, şeýle hem jebir çekene hossarlyk, howandarlyk edýän edaralaryň we guramalaryň wekilleriniň kanuny wekil hökmünde işe gatnaşdyrylyp bilinýändigi görkezilendir.

Şunda kämillik ýaşyna ýetmedik jebir çekeniň kanuny wekiliniň ygtyýarlyklarynyň, jebir çekeniň on sekiz ýaşyny doldurmagy bilen tamamlanýandygyna hem kazyýetler üns bermelidirler.

Eger kämillik ýaşyna ýetmedik jebir çekeniň ene atasy ýok bolup, bir özi ýaşaýan bolsa ýa-da garyndaşy däl, degişli tertipde hossar ýa-da howandar bilinmedik adam bilen ýaşaýandygy anyklanan halatynda, kämillik ýaşyna ýetmedigiň kanuny wekili hatarynda kazyýet mejlisine hossarlyk we howandarlyk edarasynyň wekili çagyrylmalydyr.

9. Jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edaralar we wezipeli adamlar jebir çeken tarapyndan, Türkmenistanyň JIÝK-nyň 86-njy maddasynda göz öňünde tutulan

ygtyýarlyklaryny amala aşyrylmagyny üpjün etmek maksady bilen, oňa jenaýat işiniň gozgalandygy ýa-da gozgalmandygy, jebir çeken diýlip ykrar edilendigi ýa-da ykrar edilmändigi, aýyplanýanyň jenaýat jogapkärçiligine çekilendigi, jenaýat işiniň önümçilikden ýatyrylandygy we jebir çekeniň hukuklaryna we bähbitlerine degýän beýleki meseleleriň çözülendigi barasynda habar bermäge, kanunda bellenen halatlarda bolsa, olara degişli iş ýörediş resminamalarynyň (kararyň, kesgitnamanyň, hökümiň) nusgalaryny gowşurmaga borçludyrlar.

10. Kazyýet önümçiliginiň dilini bilmeýän ýa-da ýeterlik gowy bilmeýän jebir çekene, raýat hak isleýjisine we beýleki iş ýöredişe gatnaşyjylara ene dilinde ýa-da başga bilýän dilinde beýannama aýtmaga, düşündiriş we görkezme bermäge, haýyşyny bildirmäge, şikaýat etmäge, işiň materiallary bilen tanyşmaga, kazyýet seljerişine gatnaşmaga hem-de Türkmenistanyň JIÝK-de göz öňünde tutulan beýleki hukuklarynyň bardygy olara düşündirilmelidir we ol hukuklaryň öz wagtynda amala aşyrylmagy üçin degişli şertler deslapky derňew we kazyýet edaralary tarapyndan üpjün edilmelidir.

11. Kazyýet seljerişine gatnaşyjylaryň hukuklarynyň deňligi ýörelgesinden ugur alyp (Türkmenistanyň JIÝK-nyň 351-nji maddasy) jebir çeken aklaw tarapy bilen deň derejede, ynamsyzlyk we haýyş bildirmäge, subutnamalary bermäge we olaryň derňelmegine gatnaşmaga, kazyýetde çykyp geplemelerde çykyş etmäge bolan hukuklardan peýdalanýandyr.

Jebir çekene, onuň kanuny wekiline, wekiline kazyýet seljerişiniň dowamynda işiň düýp manysy boýunça özleriniň zerur hasap edýän delillerini kazyýetiň dykgatyna ýetirmäge we esaslandyrmaga mümkinçilik berilmelidir. Şunda kazyýet jebir çekeniň hukuklaryna we kanuny bähbidine degýän meseleler boýunça getirýän delillerine aýratyn üns berip, çözgüt çykaranda olara delillendirilen baha bermelidir.

Jebir çekeniň öz iş ýöredişi borçlaryny ýerine ýetirilmegini we kanunda göz öňünde tutulan hukuklarynyň amala aşyrylmagyny üpjün etmek üçin zerur şertleri döretmek maksady bilen, kazyýet ýeterlik esas bolan halatynda jebir çekene subutnamalary almak üçin kömek bermelidir (zerur bolan resminamalary almakda, kepilnamalary talap etmekde we ş.m.).

12. Jebir çeken, onuň kanuny wekili, wekili, şeýle hem raýat hak isleýjisi we onuň wekili Türkmenistanyň JIÝK-nyň 86-njy, 87-nji we 89-njy maddalaryna laýyklykda, özleriniň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak üçin seredilýän işi boýunça kazyýet seljerişlerine gatnaşmaga hukugy bardyr.

Şu maksat bilen başlyklyk ediji olara kazyýet mejlisiniň geçiriljek güni, wagty we ýeri barada habar berilmegini üpjün etmäge borçludyr, kazyýet seljerişi gaýra goýulan halatynda bolsa, atlandyrylan adamlara olaryň indiki geçiriljek kazyýet seljerişine gatnaşmaga hukuklarynyň bardygy we eger ol hukuklaryndan ýüz dönderen ýagdaýynda, onuň getirýän netijeleri barada düşündirilmelidir we bu barasynda kazyýet mejlisiniň teswirnamasynda görkezilmelidir.

Olaryň işe seretmeklik gaýra goýulandan soň kazyýet mejlisine gatnaşmazlygy meýletin häsiýete eýe bolmalydyr.

Şeýle-de, jebir çekeniň haýyşy boýunça kazyýet ony bellenen wagtda görkezme bermek üçin gelmäge borçlandyryp, kazyýet mejlisine gatnaşmakdan boşadyp hem biler (Türkmenistanyň JIÝK-nyň 357-nji maddasynyň üçünji bölegi).

13. Türkmenistanyň JIÝK-nyň 86-njy maddasyna laýyklykda, jebir çekeniň, onuň kanuny wekiliniň, wekiliniň iş ýöredişde aýyplaw tarapdan gatnaşyjy bolup durýandygyny nazara alyp, kazyýet döwlet aýyplaýjysynyň kazyýet mejlisinde ol adamlar bilen iş boýunça garaýşyny ylalaşmak boýunça mümkinçilik bermek baradaky haýyşnamasyny kanagatlandyrmaga haklydyr.

14. Türkmenistanyň JIÝK-nyň 27-nji maddasynyň ikinji böleginiň we 339-njy maddanyň ikinji böleginiň 9-njy bendiniň düzgünlerinden ugur alyp, kazyýet her bir kazyýete gelip gowşan jenaýat işi boýunça, ony kazyýet seljerişine taýýarlamak meseläni çözende iş ýöredişe gatnaşyjylaryň, şol sanda jebir çekeniň durmuşynyň pynhan taraplary hakyndaky maglumatlaryň aýan bolmagynyň öňüni almak maksady bilen, kämillik ýaşyna ýetmedik adamlaryň jenaýatlary hakyndaky işler boýunça, zyna işi bilen baglanyşykly jenaýatlar hem-de başga işler boýunça kazyýetiň kesgitnamasy (karary) bilen, işe seretmekligi kazyýetiň ýapyk mejlisinde geçirmek baradaky meseläni çözmelidir.

Şunda kazyýet seljerişini ýapyk geçirmek barada ýa-da onuň gidişiniň dowamynda zerur bolan ýerini (bölegini) ýapyk geçirmek barada kazyýet karara gelip biler.

Mundan başga-da, Türkmenistanyň JIÝK-nyň 394-nji maddasyna laýyklykda, kämillik ýaşyna ýetmedik jebir çekeniň hukuklaryny goramak maksady bilen, taraplaryň haýyşy boýunça, şeýle hem kazyýetiň başlangyjy boýunça on sekiz ýaşa ýetmedik jebir çekeni sorag etmek kazyýetde işi seredilýäniň ýoklugynda geçirilip bilinýändigine hem kazyýetler üns bermelidirler, bu hakda kazyýet kesgitnama (karar) çykarýar.

Kazyýetde işi seredilýän kazyýet mejlishanasyna gaýdyp gelenden soň, oňa kämillik ýaşyna ýetmedik jebir çekeniň görkezmeleri yglan edilýär, oňa sowal bermäge we onuň görkezmeleri bilen baglylykda görkezme bermäge mümkinçilik berilýär.

On sekiz ýaşyna ýetmedik jebir çeken sorag edilenden soň, kazyýet onuň galmagyny zerur hasap eden halatyndan başga halatlarda, ony kazyýet mejlishanasyndan çykarýar.

15. Jebir çekeniň kazyýet mejlisine çagyrylmagy boýunça gelmegi we iş boýunça dogry görkezme bermegi işiň hakyky ýagdaýlarynyň anyklanmagy we kazyýet tarapyndan kanuny, esasly hem-de adalatly kararyň çykarylmagy üçin uly ähmiýete eýedir.

Eger jebir çeken kazyýet mejlisine esasly sebäpler bolmazdan gelmese ýa-da gelmekden ýüz dönderse, onda onuň kazyýet mejlisinde gatnaşmagyny hökmany hasap edilen halatynda, kazyýet, Türkmenistanyň JIÝK-nyň 166-njy maddasynyň düzgünlerinden ugur alyp, ony mejbury getirmäge sezewar edip biler, bu barada kazyýet kesgitnama (karar) çykarýar.

Jebir çekeniň kazyýet mejlisine gelmezligi esasly sebäpli diýlip bilner, eger bu ýagdaý onuň gelmegine mümkinçilik bermeýän keseli, ýakyn garyndaşlarynyň aradan çykmagy, tebigy betbagtçylyklar, çakylygy almazlygy hem-de öz meýline bagly bolmadyk we bellenen möhletde adamy gelmek mümkinçiliginden mahrum edýän beýleki sebäpler bilen bagly bolsa.

On dört ýaşy dolmadyk kämillik ýaşyna ýetmedikleriň, göwreli aýallaryň, şeýle hem näsaglaryň, eger bu ýagdaý lukman tarapyndan degişli tertipde tassyklanan bolsa we ýaşy on dört ýaşdan uly bolan kämillik ýaşyna ýetmedikleriň, öňünden olaryň kanuny wekili habarly edilmezden mejbury getirilmäge sezewar edilmegine ýol berilmeýändigini hem kazyýetlere düşündirmeli.

16. Türkmenistanyň JIÝK-nyň 86-njy maddasyna laýyklykda, jebir çeken kazyýetiň çagyrmagy boýunça gelmäge borçludur.

Eger jebir çeken esassyz sebäbe görä kazyýete gelmekden boýun gaçyrsa, onda kazyýet jebir çekeni mejbury getirmä sezewar etmekden başga-da, ony Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksiniň 419-njy maddasynda (kazyýete hormat goýulmazlygy) göz öňünde tutulan jogapkärçilige çekilmegi hakyndaky meseläni hem çözüp biler, bu mesele şol seredilýän iş boýunça kazyýetiň kesgitnamasy (karary) esasynda administratiw hukuk bozulmalary hakynda kanunçylyga laýyklykda we Türkmenistanyň JIÝK-de görkezilen tertipde çözülýär.

Şunda, bu barasynda kazyýet mejlisiniň teswirnamasynda hem görkezilmelidir, ýagny kazyýeti äsgermezlik etmeklige şaýatlyk edýän ýagdaýlar hem-de tertip bozujynyň şahsyýeti we kazyýetiň ol barada gören çäresi beýan edilmelidir (Türkmenistanyň JIÝK-nyň 371-nji maddasy).

17. Türkmenistanyň JIÝK-nyň 87-nji maddasynyň düzgünlerine laýyklykda, emläk zeleli töletmek baradaky talaby bildirýän jebir çeken fiziki ýa-da ýuridik şahs raýat hak isleýjisi diýlip ykrar edilmäge degişlidir.

Raýat hak isleýji diýip ykrar etmek baradaky çözgüt kazyýet derňewi tamamlanýança kabul edilip bilner we kazyýet bu hakda kesgitnama (karar) çykarmalydyr.

18. Deslapky derňew edaralary tarapyndan jebir çekene onuň raýat hak islegini bildirmäge hukugynyň bardygy düşündirilmändiginiň anyklanan halatynda, kazyýet bu ýol berlen kemçiligi aradan aýyrmak maksady bilen, jebir çekene onuň hak islegini bildirmäge hukugynyň bardygyny düşündirmelidir, şeýle hem kanunda göz öňünde tutulan esaslarda raýat hak islegini üpjün etmek baradaky çäreleri görmelidir.

19. Türkmenistanyň JIÝK-nyň 341-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň JK-nyň JK-nyň 113-nji maddasynda /saglyga seresapsyzlykdan agyr zyýan ýetirmek/, 131-nji maddasynyň birinji böleginde /töhmet atma, eger ol agyr netijelere getirmedik bolsa ýa-da aýratyn agyr ýa-da korrupsiýa bilen bagly jenaýat etmekde aýyplamak bilen birlikde amala aşyrylan bolmasa/, göz öňünde tutulan jenaýatlar hakyndaky işler boýunça, iş kazyýete gelip gowşandan soňra kazy jebir çekeni we aýyplanýany çagyryp, olaryň ýaraşmagy üçin çäreleri görmelidir.

Olar ýaraşan halatynda we aýyplanýan jebir çekene ýetiren zyýanyny düzetse, iş şu Kodeksiň 346-njy maddasynyň birinji böleginde göz öňünde tutulan tertipde önümçilikden ýatyrylýar, ýaraşyk gazanylmadyk ýagdaýynda bolsa, kazyýet işi kazyýet seljerişine bellemek baradaky meseläni çözýär we işe kazyýet mejlisinde seredýär.

Şunda kazyýet seljerişiniň taýýarlyk böleginde hem, ýokarda agzalan işler boýunça jebir çekene ýetirilen zyýan düzedilen bolsa, onuň kazyýetde işi seredilýän bilen ýaraşmaga hukugynyň bardygy ýene-de bir gezek düşündirilmelidir (Türkmenistanyň JIÝK-nyň 382-maddasy).

20. Türkmenistanyň JIÝK-nyň 213-nji maddasynyň birinji böleginde görkezilen, jebir çekeniň şikaýaty esasynda gozgalan jenaýat işi boýunça jebir çekeniň kazyýet mejlisine esassyz sebäplere görä gelmezligi işiň önümçilikden ýatyrylmagyna getirýär, emma kazyýetde işi seredilýäniň haýyşy boýunça jebir çekeniň ýoklugynda hem işe düýp manysy boýunça seredilip bilinýändigini kazyýetlere düşündirmeli (Türkmenistanyň JIÝK-nyň 357-nji maddasynyň dördünji bölegi).

21. Türkmenistanyň JIÝK-nyň 356-njy maddasyna laýyklykda, döwlet aýyplaýjysynyň kazyýet seljerişinde aýyplaw tassyk bolmady diýen netijä gelen halatynda, ol aýyplawdan doly ýa-da bölekleýin ýüz döndermäge we bu babatda kazyýete öz delillerini beýan etmäge boçludyr.

Uly bolmadyk agyr we ortaça agyr jenaýatlar boýunça kazyýetde işi seredilýän barada döwlet aýyplaýjysy Türkmenistanyň JIÝK-nyň 31-nji maddasynyň birinji böleginiň 1-nji we 2-nji bentlerinde we 34-nji maddasynyň ikinji böleginiň 1-nji, 2-nji we 3-nji bentlerinde görkezilen esaslar boýunça aýyplawdan ýüz dönderen halatynda, eger jebir çeken hem ýüz dönderen bolsa, kazyýet öz kesgitnamasy (karary) bilen işi önümçilikden ýatyrýar.

Eger jebir çeken aýyplawy goldamagy dowam edýän bolsa, onda kazyýet seljerişi dowam edýär we işi umumy tertipde çözýär. Şeýle ýagdaýda döwlet aýyplaýjysy işe mundan beýläk gatnaşmakdan boşadylýar, aýyplawy bolsa jebir çekeniň özi ýa-da onuň kanuny wekili, wekili goldaýar. Zerur bolan halatynda, kazyýet wekili çagyrmak üçin jebir çekene wagt bermelidir.

22. Jebir çekeniň şikaýaty boýunça gozgalýan jenaýat işleri boýunça, jebir çekeniň we işi kazyýetde seredilýäniň özara ýaraşandyklary sebäpli, işi önümçilikden ýatyrmak baradaky haýyşlaryny kanagatlanyrmakdan ýüz döndermäge kazyýetiň haky ýokdur, emma muňa Türkmenistanyň JIÝK-nyň 213-nji maddasynyň ikinji, üçünji we dördünji böleklerinde görkezilen ýagdaýlar degişli däldir.

Haçanda jebir çekeniň şikaýaty boýunça gozgalan jenaýat işleri boýunça, kämillik ýaşyna ýetmedik jebir çekeniň kazyýetde işi seredilýän bilen ýaraşyp, işi önümçilikden ýatyrmak baradaky mesele boýunça pikiri onuň kanuny wekiliniň pikirine gabat gelmeýän bolsa, onda jenaýat işiniň önümçilikden ýatyrylmagyna ýol berilmeýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

23. Türkmenistanyň JIÝK-nyň 33-nji maddasynyň ikinji bölegine we Türkmenistanyň JK-nyň 70-nji hem-de 71-nji maddalaryna laýyklykda, uly bolmadyk agyr we ortaça agyr jenaýatlar boýunça, şeýle hem Türkmenistanyň JK-nyň 113-nji maddasynda we 131-nji maddasynyň birinji bölegинde göz öňünde tutulan jenaýatlar boýunça jenaýat işiniň önümçilikden ýatyrylmagy üçin, kazyýetde işi seredilýäniň ilkinji gezek jenaýat jogapkärçiligine çekilip, eden jenaýatyna ökünýän bolmagy, jebir çekeniň aýyplanýan bilen ýaraşandygy barada arzasynyň, şeýle hem jebir çekene ýetirilen zyýanyň düzedilen bolmagy hökmany şertler bolup durýar.

Şunda, kazyýet bu meseläni çözende, edilen jenaýatyň häsiýetini we jemgyýetçilik üçin howplulyk derejesini, işi kazyýetde seredilýäniň şahsyýetine degişli maglumatlary we işiň beýleki ýagdaýlaryny hem hemmetaraplaýyn derňemelidir we olara degişli baha berip, şahsyýetiň hukuklaryny we bähbidini goraýan, şeýle hem adyl kazyýetliginiň adalatlylyk ýörelgesine we maksatlaryna gabat gelýän kesgitnamany (karary) çykarmalydyr.

24. Türkmenistanyň JIÝK-nyň 392-nji we 393-nji maddalaryna laýyklykda, jebir çeken kazyýet mejlisinde, onuň özüniň we ýakyn garyndaşlarynyň garşysyna görkezme bermekden ýüz döndermäge hukugy bardyr, emma haçanda ol görkezme bermäge isleg bildirse, onda kazyýet oňa görnetin ýalan görkezme berse jenaýat jogapkärçiligine çekiljekdigi barada düşündirýär hem-de ondan borçlarynyň we jogapkärçiliginiň düşündirilendigi barada dil haty alnýar.

Ýaşy on dörde çenli jebir çekeni sorag etmek mugallymyň hökman gatnaşmagynda, ýaşy on dörtden on alta çenli bolan jebir çekeni sorag etmeklik bolsa, kazyýetiň garaýşy boýunça mugallymyň gatnaşmagynda geçirilýär. Şeýle hem kämillik ýaşyna ýetmedik jebir çekeniň ata-enesiniň ýa-da başga kanuny wekiliniň kazyýet mejlisine gatnaşmagy üpjün edilmelidir.

On alty ýaşyna ýetmedik jebir çeken sorag edilmezinden öň kazyýet oňa dogry we doly görkezmeleriň iş üçin ähmiýetini düşündirýär, ýöne oňa, görkezme bermekden ýüz dönderendigi we görnetin ýalan görkezme berendigi üçin jenaýat jogapkärçiligi hakynda duýdurmaly däldir hem-de ondan dil haty alynmaýar.

25. Eger uly bolmadyk agyr jenaýatlar hakyndaky işler boýunça işi kazyýetde seredilýän kazyýet derňewiniň gysgaldylan tertibi boýunça geçirilmegini haýyş eden halatynda, kazyýet bu barada iş ýöredişe gatnaşyjylaryň pikirlerini diňlemelidir we diňe Türkmenistanyň JIÝK-nyň 406-njy maddasynda göz öňünde tutulan şertleriň bar bolan ýagdaýynda, ol işler boýunça kazyýet derňewiniň gysgaldylan tertipde geçirilmegine ýol berilýändigine üns bermelidir.

Şunda kazyýet jebir çekene, onuň kanuny wekiline, wekiline, eger olar garşy bolsalar kazyýet derňewiniň gysgaldylan tertipde geçirilmegine ýol berilmeýändigi barada hem düşündirilmelidir, sebäbi bu agzalyp geçilen talaplaryň berjaý edilmezligi kazyýetiň höküminiň sökülmegine hem getirip biler.

26. Türkmenistanyň JIÝK-nyň 433-nji maddasyna laýyklykda, kazyýet höküm yglan edenden soň bäş gije-gündizden gijä goýulman, jebir çekenden, onuň kanuny

wekilinden, wekilinden haýyş gelip gowşan bolsa, höküminiň göçürilen nusgasyny olara gowşurmaga (ibermäge) borçludyr.

Kazyýet mejlisiniň teswirnamasy hem, kazyýet mejlisi tamamlanandan soň bäş gije-gündizden, aýratyn çylşyrymly işler boýunça bolsa on gije-gündizden gijä goýulman taýýarlanyp, oňa başlyklyk ediji we kazyýet mejlisiniň kätibi tarapyndan gol çekilmelidir.

Işe gatnaşyjylaryň teswirnama gol çekilenden soň bäş gije-gündiziň dowamynda teswirnama bilen tanyşmaga we onuň nädogrudygyny ýa-da doly däldigini görkezip, oňa özleriniň belliklerini bermäge haky bardyr.

Şoňa görä-de, kazyýetler birinji basgançakda jenaýat işlerine seredenlerinde, jebir çekene, onuň kanuny wekiline, wekiline höküminiň göçürilen nusgasynyň berilmegini haýyş etmäge, şeýle hem kazyýet mejlisiniň teswirnamasy bilen tanyşmaga we oňa bellikler getirmäge hukuklarynyň bardygyny düşündirmelidirler (Türkmenistanyň JIÝK-nyň 433-nji we 86-njy maddasynyň dördünji böleginiň 11-nji bendi) we bu barasynda kazyýet mejlisiniň teswirnamasynda görkezilmelidir.

27. Türkmenistanyň JIÝK-nyň 441-nji maddasyna laýyklykda, höküm ýa-da başga şikaýat edilýän karary çykaran birinji basgançakly kazyýet, şikaýatyň ýa-da teklipnamanyň bildirilendigi barada jebir çekene, onuň kanuny wekiline, wekiline, şeýle hem raýat hak isleýjisine we onuň wekiline, olaryň haýsylarynyň bähbitleri aralýan bolsa, şol adamlara habar bermäge we şikaýatyň ýa-da teklipnamanyň nusgasyny we olara närazylyklaryny getirmäge hukuklarynyň bardygyny düşündirip, olara ibermäge borçludyr.

Eger Kanunyň bu talaby berjaý edilmedik bolsa, şeýle hem jebir çekene, onuň kanuny wekiline, wekiline işiň nägilelik basgançakly kazyýetde serediljek güni barada degişli tertipde habar berilmedik halatynda, ikinji basgançakly kazyýet işe seretmekligi gaýra goýup, bu ýagdaýy düzetmek üçin çäre görmelidir.

28. Iş kesilen barada agyr jenaýat baradaky kanunyň ulanylmagy ýa-da bellenen jezanyň ýeňildigi esasda aýyplaw höküminiň, şeýle hem aklananyň ýagdaýynyň ýaramazlaşmagyna getirýän esasda aklaw höküminiň sökülmegine, prokuroryň teklipnamasy bolmadyk halatynda diňe jebir çekeniň, onuň kanuny wekiliniň, wekiliniň şol esaslar boýunça höküminiň sökülmegini sorap bildiren şikaýaty esasynda ýol berilýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Eger jebir çeken, onuň wekili, wekili tarapyndan höküme başga esaslarda şikaýat bildirilen bolsa, onda ikinji basgançakly kazyýet iş kesileniň ýagdaýyny ýaramazlaşdyrýan esaslarda hökümi, şol sanda aklaw hökümini sökmäge haky ýokdur.

29. Gözegçilik basgançakly kazyýetler iş kesileniň ýagdaýyny ýaramazlaşmagyna getirýän esaslar boýunça getirlen garşylyknama, berlen netijenama we teklipnama, edilen şikaýata seredenlerinde, şol esaslar boýunça kazyýetiň kararlarynyň sökülmegine, diňe kanunda göz öňünde tutulan möhletiň çäginde ýol berilýändigini ünsden düşürmeli däldirler.

Türkmenistanyň JIÝK-nyň 487-nji maddasynda laýyklykda, jezanyň ýeňildigi üçin, iş kesilen adam barada has agyr jenaýat hakyndaky kanuny ulanmagyň

zerurdygy sebäpli we iş kesileniň ýagdaýynyň ýaramazlaşmagyna getirýän başga esaslar boýunça kazyýetiň aýyplaw hökümine, kesgitnamasyna we kararyna, şeýle hem kazyýetiň aklaw hökümine ýa-da işi önümçilikden ýatyrmak hakyndaky kesgitnamasyna (kararyna) gözegçilik tertibinde gaýtadan seretmäge şol hökümler, kesgitnamalar we kararlar kanuny güýje girenden soňra diňe bir ýylyň dowamynda ýol berilýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

30. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri jenaýat işlerine nägilelik we gözegçilik tertibinde seredenlerinde birinji basgançakly kazyýetler, şeýle hem deslapky derňew edaralary tarapyndan, jebir çekeniň jenaýat iş ýörediş önümçiliginde gatnaşmagyny düzgünleşdirýän kanunçylygyň kadalarynyň dogry berjaý edilendigini içgin barlamalydyrlar we kanun bozulmalaryň ýüze çykarylan halatynda bolsa, ol ýagdaýlaryň öňüni almak üçin degişli çäreleri görmelidirler.

Jenaýatyň amala aşyrylmagyna getiren sebäpleriň we şertleriň, şeýle hem jebir çekeniň hukuklarynyň we azatlyklarynyň bozulmagyna getiren ýagdaýlaryň ýüze çykarylan halatynda, kazyýetler hususy kesgitnama (karar) çykarmak arkaly bu anyklanan ýagdaýlar boýunça zerur çäreleri görmek üçin, degişli edaralaryň ýa-da wezipeli adamlaryň ünslerini çekmelidirler.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy G.Ussanepesow

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy J.Açylow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 3

2023-nji ýylyň 18-nji marty Aşgabat şäheri

Arbitraž işlerine nägilelik basgançakly kazyýetde seredilende Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksiniň ulanylyşy hakynda

(17.02.2024 ý. № 3 Plenumyň karary esasynda girizilen üýtgetme bilen)

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň arbitraž işleri boýunça kazyýet kollegiýasy tarapyndan arbitraž işlerine nägilelik basgançakly kazyýetde seredilende arbitraž iş ýörediş kanunçylygynyň birmeňzeş we dogry ulanylmagyny üpjün etmek hem-de kazyýet iş tejribesinde ony ulanmak bilen bagly kazyýetlerde ýüze çykýan soraglara ugrukdyryjy düşündirişleri bermek maksady bilen, "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Plenum

KARAR EDÝÄR:

1. Nägilelik önümçiligi tertibinde arbitraž işlerine seretmekligiň esasy wezipesi birinji basgançakly arbitraž kazyýetleri tarapyndan maddy ýa-da iş ýörediş hukugynyň kadalarynyň bozulmagynyň ýa-da nädogry ulanylmagynyň öňi alnyp, ol ýalňyşlyklaryň kazyýet kararlary kanuny güýjüne girmänkä öz wagtynda düzedilmeginden ybaratdygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

2. Birinji basgançakly arbitraž kazyýeti tarapyndan çykarylan kanuny güýje girmedik çözgütleriň üstünden nägilelik şikaýat bermek hukugy taraplara we işe gatnaşan beýleki şahslara, şeýle hem nägilelik teklipnama getirmek hukugy işe gatnaşan prokurora degişli bolup, olar bu hukuklaryndan kazyýetiň çözgüdi gowşurylan gününden bir aýyň dowamynda peýdalanyp bilýärler.

Birinji basgançakly kazyýetde işe seredilende gatnaşmadyk, ýöne kanunda bellenen tertipde işe tarap hökmünde çekilip, taraplaryň biriniň ýoklugynda işe seredilip, çykarylan kazyýet çözgüdiniň üstünden nägilelik şikaýaty bermäge olaryň hem hukuklarynyň bardygyny kazyýetlere düşündirmeli.

Eger-de kazyýetiň çözgüdinde işe çekilmedik şahsyň hukuklaryna degýän ýa-da üstlerine borçlary ýükleýän ýagdaýlar bilen bagly delillendirme berlip, çözgüdiň karara geliş böleginde onuň bilen bagly netije görkezilen bolsa, ol şahsyň hem işe gatnaşdyrylmandygyna garamazdan çözgüdiň üstünden nägilelik şikaýaty berip bilýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Ýazmaça ynanç hatynda oňa kazyýet kararlary barada şikaýat etmek hukugy berlen bolsa, nägilelik şikaýaty Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksiniň (mundan beýläk - Türkmenistanyň AIÝK-nyň) 53-nji maddasynda görkezilen ygtyýarlyklar bilen ygtyýarlandyrylan şahs tarapyndan hem bildirilip bilner.

Nägilelik önümçiligi tertibinde şikaýat etmek hukugy işe gatnaşan taraplaryň oruntutarlaryna hem degişli bolup biler.

3. Birinji basgançakly arbitraž kazyýetiň çözgüdinde beýan edilen netijäniň işiň düýp manysy boýunça çözülişine täsir edýändigine ýa-da etmeýändigine garamazdan, nägilelik şikaýatyň (teklipnamanyň) kazyýetiň çözgüdiniň bütin durşuna, şeýle hem onuň delillendiriş bölegine berlip bilinýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

4. Nägilelik şikaýaty we nägilelik teklipnamasy Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetiniň, welaýat, döwlet ähmiýetli we welaýat hukukly şäher kazyýetleriniň çözgütlerine – Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň arbitraž işleri boýunça kazyýet kollegiýasyna, şeýle hem birinji basgançakda çykarylan Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň çözgüdine – Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumyna berlip we getirilip bilinýär.

Şunda kazyýetler nägilelik şikaýatyň we nägilelik teklipnamanyň çözgüdi çykaran kazyýetiň üsti bilen berilýändigine we getirilýändigine, ýöne olaryň gös-göni nägilelik basgançagyna berilmeginiň we getirilmeginiň şikaýatyň we teklipnamanyň seredilmegi üçin päsgelçilik bolup durmaýandygyna hem üns bermelidirler.

5. Nägilelik şikaýatynyň (teklipnamasynyň) görnüşine we mazmunyna bildirilýän talaplar Türkmenistanyň AIÝK-nyň 163-nji maddasynda görkezilendir.

Ondan başga-da, nägilelik şikaýata (teklipnama) şikaýat edilýän kazyýet kararynyň nusgasynyň; bellenen tertipde we möçberlerde döwlet pajynyň tölenendigini ýa-da döwlet pajyny tölemekde ýeňillikler almaga hukugy tassyklaýan resminamalaryň ýa-da döwlet pajyny tölemegi gaýra goýmak, möhletlere bölmek, onuň möçberini azaltmak hakyndaky haýyşnamanyň; işe gatnaşýan beýleki şahslara olarda bolmadyk nägilelik şikaýatynyň (teklipnamasynyň) we beýleki resminamalaryň nusgalarynyň iberilendigini ýa-da gowşurylandygyny tassyklaýan resminamalaryň; ynanç hatynyň ýa-da nägilelik şikaýatyna gol çekmäge ygtyýarlygy tassyklaýan beýleki resminamalaryň goşulan bolmagy hökmanydyr.

6. Işe gatnaşýan şahs nägilelik şikaýatyň (teklipnamanyň) nusgasyny alandan soň, oňa özüniň seslenmesini (närazylygyny) bildirmäge haklydyr we ol barada öz gelen netijesini tassyklaýan resminamalary goşmak bilen, işe gatnaşýan beýleki şahslara we arbitraž kazyýetine nägilelik şikaýata (teklipnama) seslenmesini (närazylygyny) iberýär.

Arbitraž kazyýetine iberilýän seslenmä (närazylyga) işe gatnaşýan beýleki şahslara seslenmäniň (närazylygyň) iberilendigini tassyklaýan resminama hem goşulmalydyr.

Eger-de seslenmä (närazylyga) wekil tarapyndan gol çekilen bolsa, onda seslenmä (närazylyga) degişli ynanç haty ýa-da seslenmä (närazylyga) wekiliň gol çekmegine ygtyýarlygyny tassyklaýan başga resminama goşulmalydyr.

Nägilelik şikaýatyna (teklipnama) seslenmäniň (närazylygyň) bildirilmezligi (gelip gowuşmazlygy) işi nägilelik tertibinde seretmek üçin iberilmegine we onuň seredilmegine päsgel bermeýär.

Birinji basgançakly kazyýetiň çözgüdine berlen nägilelik şikaýaty ýa-da getirilen nägilelik teklipnamasy arbitraž işi bilen bilelikde nägilelik basgançakly kazyýete, oňa

şikaýat (teklipnama) bermek üçin kanunda göz öňünde tutulan bir aý möhleti geçenden soň iberilýändigine hem kazyýetler üns bermelidirler.

7. Nägilelik şikaýaty (teklipnamany) nägilelik basgançakly arbitraž kazyýetiň önümçiligine kabul etmek baradaky mesele ol iş bilen nägilelik basgançakly arbitraž kazyýetine gelip gowşan gününden başlap bäş gün möhletde kazy tarapyndan ýekelikde çözülmelidir.

Haçan-da kazy ýeterlik esas bar hasap eden halatynda, ol nägilelik şikaýaty (teklipnamany) nägilelik basgançakly arbitraž kazyýetiniň önümçiligine kabul etmek hakynda kesgitnama çykarýar, şol kesgitnama bilen nägilelik şikaýaty (teklipnama) boýunça nägilelik önümçiligi hem gozgaýar, kesgitnamada nägilelik şikaýatyna (teklipnama) seretmek boýunça kazyýet mejlisiniň geçiriljek wagty we ýeri görkezilýär we kesgitnamanyň nusgasy onuň çykarylan gününden soňky günden gijä goýulman işe gatnaşýan şahslara iberilýär.

8. Nägilelik basgançakly arbitraž kazyýeti nägilelik şikaýaty (teklipnamany) önümçiligine kabul etmek baradaky meselä seredende, nägilelik şikaýatyň (teklipnamanyň) Türkmenistanyň AIÝK-nyň 163-nji (nägilelik şikaýatyň, teklipnamanyň görnüşi we mazmuny) maddasynda bellenilen talaplaryň bozulyp berlendigini anyklasa, onda Türkmenistanyň AIÝK-nyň 165-nji maddasyna laýyklykda, nägilelik şikaýaty (teklipnamany) hereketsiz galdyrmak barada kesgitnama çykarýar we hereketsiz galdyrmagyň esaslaryny görkezip, nägilelik şikaýaty (teklipnama) beren şahsa nägilelik şikaýaty (teklipnamany) hereketsiz galdyrmaga esas bolan ýagdaýlary aradan aýyrmak üçin möhlet belleýär hem-de kesgitnamanyň nusgasyny onuň kabul edilen gününden soň gelýän günden gijä goýman, nägilelik şikaýaty (teklipnama) beren şahsa iberýär.

Eger nägilelik şikaýaty (teklipnama) beren şahs bellenen möhletde arbitraž kazyýetiniň kesgitnamasynda görkezilenleri ýerine ýetirse, nägilelik şikaýaty (teklipnama) arbitraž kazyýetine ilkibaşdaky gelip gowşan gününde berlen diýip hasap edilýär, eger-de kesgitnamada görkezilenler bellenilen möhletde aradan aýrylmasa arbitraž kazyýeti nägilelik şikaýaty (teklipnamany) we oňa goşulan resminamalary beren şahsa gaýtaryp berýär.

9. Türkmenistanyň AIÝK-nyň 167-nji maddasyna laýyklykda, haçan-da kazy nägilelik şikaýaty (teklipnamany) nägilelik basgançakly arbitraž kazyýetiniň önümçiligine kabul etmek baradaky meselä seredip, nägilelik şikaýaty (teklipnama) berlende şol Kodeksiň 166-njy maddasynda göz öňünde tutulan talaplaryň berjaý edilmändigini anyklasa, onda nägilelik şikaýaty (teklipnamany) gaýtarmak hakynda kesgitnama çykarýar we onuň nusgasyny ony beren şahsa nägilelik şikaýaty (teklipnamany) we goşulan resminamalary bilelikde onuň çykarylan gününden soňky günden gijä goýman ýa-da nägilelik şikaýaty (teklipnamany) hereketsiz galdyrmak üçin esas bolan ýagdaýlary aradan aýyrmak üçin nägilelik basgançakly arbitraž kazyýeti tarapyndan bellenilen möhlet tamamlanandan soň iberýär.

Nägilelik şikaýaty (teklipnamany) gaýtarmak hakyndaky kesgitnama Türkmenistanyň AIÝK-nde bellenen tertipde hususy şikaýat berlip we teklipnama getirilip bilner.

10. Nägilelik basgançakly arbitraž kazyýeti tarapyndan işe seretmegiň tertibi Türkmenistanyň AIÝK-nyň 168-nji maddasynda kesgitlenendir, oňa laýyklykda nägilelik basgançakly arbitraž kazyýetinde şol Kodeksiň XX babynda bellenilen aýratynlyklar bilen birinji basgançakly arbitraž kazyýeti tarapyndan işe seretmegiň kadalary boýunça, Türkmenistanyň AIÝK-nyň 14-nji maddasynyň 3-nji we 4-nji böleklériniň talaplary berjaý edilip, seredilýär.

Şu Kodeksde diňe birinji basgançakly arbitraž kazyýetinde işe seredilende ulanmak üçin bellenilen kadalar, eger şu bapda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, nägilelik basgançakly arbitraž kazyýetinde işlere seredilende ulanylmaýar.

Ýagny, diňe birinji basgançakly arbitraž kazyýetde işe seredilende ulanylmaga degişli düzgünler (meselem, garşylyk hak islegini bildirmek, birnäçe hak isleýiş arzalaryny birleşdirmek we bölmek, degişli däl jogap berijini çalşyrmak, işe beýleki şahslaryň çekilmegi we ş.m. kadalar) işe nägilelik tertibinde seredilende ulanylmagyna ýol berilmeýär.

Nägilelik şikaýaty (teklipnama) beren şahsyň we işe gatnaşýan beýleki şahslaryň nägilelik basgançakly arbitraž kazyýetiniň kazyýet mejlisine gelmezligi, eger olara kazyýet seljerişiniň geçiriljek wagty we ýeri hakynda talaba laýyk ýagdaýda habar berlen bolsa, işe olaryň bolmazlygynda seredilmegi üçin päsgelçilik bolup bilmeýär.

11. Nägilelik basgançakly arbitraž kazyýetinde nägilelik şikaýatyna (teklipnama) onuň iş bilen bilelikde gelip gowşan gününden, işi kazyýet seljerişine taýýarlyk görmek üçin möhleti hem goşmak bilen, iki aýdan köp bolmadyk möhletde seredilýär.

Eger nägilelik şikaýaty (teklipnama) nägilelik basgançakly arbitraž kazyýetine ony bermegiň möhleti tamamlanmanka gelip gowşan bolsa, nägilelik şikaýatyna (teklipnama) seretmegiň möhleti nägilelik şikaýaty (teklipnama) bermegiň möhletiniň geçen gününden başlap hasaplanýar.

12. Nägilelik şikaýaty (teklipnamany) beren şahs nägilelik basgançakly arbitraž kazyýeti kesgitnama çykarmazyndan öň ondan ýüz döndermäge haky bardyr.

Nägilelik basgançakly arbitraž kazyýeti Türkmenistanyň AIÝK-nyň 39-njy maddasynyň 3-nji böleginde göz öňünde tutulan esaslar boýunça nägilelik şikaýatyndan /teklipnamasyndan/ ýüz döndermegi kabul etmezlige hem-de işe nägilelik tertibinde seretmäge haky bardyr.

Nägilelik şikaýatyndan (teklipnamadan) ýüz döndermek kabul edilen halatynda nägilelik basgançakly arbitraž kazyýeti, eger çözgüt barada beýleki işe gatnaşýan şahslar tarapyndan şikaýat edilmedik bolsa, iş boýunça nägilelik önümçiligi bes edýär, bu hakynda nägilelik basgançakly arbitraž kazyýeti kesgitnama çykarýar.

13. Nägilelik basgançakly arbitraž kazyýetiniň nägilelik şikaýata (teklipnama) seredilmeginiň netijeleri boýunça kabul edýän kararlarynyň sanawy Türkmenistanyň AIÝK-nyň 171-nji maddasynda görkezilendir, ýagny onuň birinji basgançakly arbitraž kazyýetiniň çözgüdini üýtgetmän galdyrmaga, nägilelik şikaýatyny (teklipnamany) kanagatlandyrman galdyrmaga; birinji basgançakly arbitraž kazyýetiniň çözgüdini dolulygyna ýa-da bölekleýin sökmäge ýa-da üýtgetmäge we işi täzeden seretmäge ibermezden, täze kazyýet kararyny kabul etmäge; birinji basgançakly arbitraž kazyýetiniň çözgüdini dolulygyna ýa-da bölekleýin sökmäge ýa-da üýtgetmäge we işi

täzeden seretmek üçin degişli arbitraž kazyýetine ibermäge; şol Kodeksiň 141-nji we 145-nji maddalarynda göz öňünde tutulan esaslar bolan halatynda birinji basgançakly arbitraž kazyýetiniň çözgüdini dolulygyna ýa-da bölekleýin söküp, degişlilikde iş boýunça önümçiligi bes etmäge ýa-da arzany seretmän galdyrmaga ygtyýarlyklary bardyr.

Haçan-da iş üçin ähmiýeti bolan işiň hakyky ýagdaýlary birinji basgançakly arbitraž kazyýeti tarapyndan işde bar bolan subutnamalaryň doly hem-de hemmetaraplaýyn barlanmagyň esasynda anyklanyp, ýöne ol arbitraž kazyýeti tarapyndan hukuk kadasy nädogry ulanylan ýa-da birinji basgançakly kazyýetiň çözgüdiniň kanunylygy nägilelik basgançakly arbitraž kazyýeti tarapyndan Türkmenistanyň AIÝK-nyň 171-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 3-nji bendinde göz öňünde tutulan esaslaryň bolmazlygynda gaýtadan barlanyp, iş täzeden seredilmäge iberilmezden, birinji basgançakly arbitraž kazyýetiniň çözgüdi dolulygyna ýa-da bölekleýin sökülip ýa-da üýtgedilip, iş boýunça täze kararyň kabul edilmegine, ýagny belli bir netijä gelinmegine ýol berilýändigine hem üns berilmelidir.

Eger-de birinji basgançakly arbitraž kazyýeti işe seredende çözgüdi sökmek üçin esas bolup durýan iş ýörediş hukuk kadalarynyň bozulmagyna ýol beren bolsa ýa-da şikaýat edilýän çözgütde beýan edilen netijeler iş boýunça anyklanan hakykat ýüzündäki ýa-da işde bar bolan subutnamalara laýyk gelmeýän bolsa, onda nägilelik basgançakly arbitraž kazyýeti birinji basgançakly arbitraž kazyýetiň çözgüdini dolulygyna ýa-da bölekleýin söküp, işi täzeden seretmek üçin degişli arbitraž kazyýetine ibermelidir (Türkmenistanyň AIÝK-nyň 171-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 3-nji bendi).

Şunda nägilelik basgançakly işe seredýän arbitraž kazyýeti çözgütde anyklanmadyk ýa-da birinji basgançakly arbitraž kazyýeti tarapyndan ret edilen ýagdaýlary bellemäge ýa-da subut edilen diýip hasap etmäge, şol ýa-da başga bir subutnamanyň dogrulygy hakynda meseläni, bir subutnamalaryň beýleki subutnamalaryň öňünde artykmaçlygyny, maddy hukugyň haýsy kadasynyň ulanylmalydygyny, işe täzeden seredilende nähili çözgüdiň kabul edilmelidigini öňünden çözmäge hakly däldir we olar barada nägilelik kesgitnamada (kararda) görkezilmegine ýol berilmeýändigine hem üns berilmelidir.

14. Nägilelik basgançakly arbitraž kazyýet birinji basgançakly kazyýetiň çözgüdini üýtgetmek ýa-da sökmek barada netijä gelende Türkmenistanyň AIÝK-nyň 172-nji maddasynda göz öňünde tutulan esaslardan ugur almalydyr.

Oňa laýyklykda, iş üçin ähmiýeti bolan ýagdaýlaryň ýeterlik derejede anyklanmazlygy; birinji basgançakly arbitraž kazyýetiniň anyklanan diýip hasap edýän iş üçin ähmiýeti bolan ýagdaýlaryň subut edilmändigi; kazyýet çözgüdinde beýan edilen netijeleriň işiň hakyky ýagdaýlaryna laýyk gelmezligi; maddy hukuk kadalarynyň ýa-da iş ýörediş hukuk kadalarynyň bozulmagy ýa-da nädogry ulanylmagy birinji basgançakly kazyýetiň çözgüdini üýtgetmek ýa-da sökmek üçin esas bolup durýar.

Iş ýörediş hukuk kadalarynyň bozulmagy ýa-da nädogry ulanylmagy, eger bu bozulma nädogry kazyýet kararynyň kabul edilmegine getiren bolsa ýa-da getirip biljek bolsa, kazyýet kararynyň üýtgedilmegine ýa-da sökülmegine esas edilip alnyp bilner.

15. Nägilelik basgançakly arbitraž kazyýetiniň birinji basgançakly arbitraž kazyýetiniň çözgüdini üýtgedip ýa-da söküp bilmek bilen bagly ygtyýarlyklaryny düzgünleşdirýän, Türkmenistanyň AIÝK-nyň 171-nji maddasynda göz öňünde tutulan kadalar ulanylanda şu aşakdakylar hem göz öňünde tutulmalydyr.

Ýagny, eger nägilelik basgançakly kazyýet şikaýat bildirilen çözgüdiň delillendiriş bölegi bilen ylalaşman, ol ýagdaýyň nädogry çözgüdiň çykarylmagyna getirmändigini anyklasa, onda birinji basgançakly arbitraž kazyýetiniň bu çözgüdini sökmezden, onuň delillendiriş bölegi boýunça öz täze delillendirmesini getirip, kesgitnamanyň karara geliş böleginde bu barada görkezmegi ýeterlikdir.

16. Nägilelik basgançakly arbitraž kazyýeti nägilelik şikaýatyna (teklipnama) seretmegiň netijeleri boýunça kesgitnama kabul edýär, kesgitnamany beýan etmegiň tertibi we onda görkezilmeli maglumatlaryň sanawy Türkmenistanyň AIÝK-nyň 173-nji maddasynyň 2-nji böleginde kesgitlenendir.

Nägilelik basgançakly arbitraž kazyýetiniň görkezmeleri, şol sanda onuň birinji basgançakly arbitraž kazyýetiniň çözgüdini sökmek hakyndaky kesgitnamasynda beýan edilen kanuna düşündiriş baradaky görkezmeleri şol işe täzeden seredýän arbitraž kazyýeti üçin hökmanydyr.

Eger nägilelik basgançakly arbitraž kazyýeti birinji basgançakly arbitraž kazyýetiniň çözgüdini sökmekligiň zerurdygy, şol sanda iş boýunça Türkmenistanyň AIÝK-nyň 137-nji we 138-nji maddalarynda göz öňünde tutulan, önümçiligi togtatmak üçin esaslaryň bardygy hakynda netijä gelse, onda nägilelik basgançakly arbitraž kazyýetiniň kesgitnamasynda, işe täzeden seredilende önümçiligi togtatmak baradaky meseläniň hem ara alnyp maslahatlaşylmalydygy barada görkezlip bilner.

17. Nägilelik basgançakly arbitraž kazyýetiniň kesgitnamasynyň nusgasy işe gatnaşýan şahslara kesgitnama kabul edilen gününden başlap bäş gün möhletde ugradylmalydyr, ol kabul edilen gününden kanuny güýje girýär we oňa gözegçilik tertibinde şikaýat edilip we teklipnama getirilip bilner.

Kesgitnama gözegçilik tertibinde şikaýat edilmegi we teklipnama getirilmegi onuň ýerine ýetirilmegini togtatmaýar.

18. Eger-de, nägilelik basgançakly kazyýetiň kesgitnamasynda (kararynda), onuň düýp mazmunyna täsir etmeýän harp we hasap ýalňyşlygyna ýol berlen bolsa ýa-da kesgitnama (karar) düşnükli bolmadyk halatynda, nägilelik basgançakly kazyýetiň ýol berlen bu ýalňyşlyklary ýa-da düşnüksizligi Türkmenistanyň AIÝK-nyň 155-nji maddasynda göz öňünde tutulan kadalardan ugur alyp, düzetmäge we düşündirmäge haklydygyny kazyýetlere düşündirmeli.

19. Eger-de, nägilelik tertibinde şikaýat bildirilmäge degişli däl arbitraž kazyýetiniň kararyna şikaýatyň (teklipnamanyň) berlendigi, nägilelik önümçiligi gozgalandan soň anyklansa, onda nägilelik basgançakly kazyýet Türkmenistanyň AIÝK-nyň 141-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 1-nji bendinde göz öňünde tutulan kadadan ugur alyp, nägilelik önümçiligi bes etmek hakyndaky meseläni çözüp biler.

20. Türkmenistanyň AIÝK-nyň 159-njy maddasyna laýyklykda, birinji basgançakly arbitraž kazyýetiniň kanuny güýje girmedik kesgitnamasyna hususy şikaýat getirilip bilner, haçanda kesgitnama şikaýat etmek we teklipnama getirip bilmek

hukugy Türkmenistanyň AIÝK-nde göz öňünde tutulan bolsa (meselem, iş boýunça önümçiligi togtatmak hakyndaky kesgitnama, iş boýunça önümçiligi bes etmek hakyndaky kesgitnama, geçen iş ýörediş möhletini dikeltmek ýa-da dikeltmekden ýüz döndermek hakyndaky kesgitnama we ş.m.) ýa-da kazyýetiň kesgitnamasy işiň mundan beýläk hereket etmek mümkinçiligine päsgel berýän bolsa (meselem, nägilelik şikaýaty bermek üçin döwlet pajyny tölemekden boşatmak baradaky haýyşnamany kanagatlandyrman galdyrmak hakyndaky kesgitnama, döwlet pajynyň tölenmändigi sebäpli nägilelik şikaýaty hereketsiz galdyrmak hakyndaky kesgitnama we ş.m.).

Birinji basgançakly arbitraž kazyýetiniň beýleki kesgitnamalaryna hususy şikaýat edilmeýär we hususy teklipnama getirilmeýär, ýöne bu kesgitnamalara närazylyklar nägilelik şikaýatyna we nägilelik teklipnamasyna goşulyp bilner.

21. Birinji basgançakly arbitraž kazyýeti Türkmenistanyň AIÝK-nyň 95-nji maddasyna laýyklykda, nägilelik şikaýaty bermek üçin geçirilen möhleti haçan-da ol möhlet şikaýaty beren şahsyň erkine bagly bolmadyk sebäplere görä geçirilen bolsa (meselem, jogap berijiniň ýoklugynda seredilen iş boýunça, oňa netijesi barada wagtynda habar berilmezligi ýa-da çözgüdiň nusgasynyň iberilmezligi, degişli lukmanyň resminamasy bilen tassyk bolýan ýarawsyzlygy we ş.m.) dikeldilmäge degişlidir.

Nägilelik şikaýaty bermekligiň ýokarda durýan edara bilen (ýa-da başga bir adam bilen) maslahatlaşylmaly bolandygy, ýa-da ýuridik şahsyň wekiliniň saparda (zähmet rugsadynda) bolmagy, ýa-da iş birliginde ýuristiň (hukukçy) bolmazlygy ýa-da beýleki içki guramaçylyk meseleler bilen baglylykda wagtynda nägilelik şikaýatyň (teklipnamanyň) berlip bilinmezligi, nägilelik şikaýaty (teklipnamany) bermek üçin geçirilen möhletiň dikeldilmegine esas bolup bilmeýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

22. Eger şahsyň nägilelik şikaýaty (teklipnama) bermek üçin geçirilen möhleti dikeltmek baradaky haýyşnamasy gelip gowşanda, nägilelik şikaýaty (teklipnamany) hereketsiz galdyrmaga esaslaryň bardygy anyklanan ýagdaýynda, nägilelik basgançakly arbitraž kazyýeti ilki geçirilen möhleti dikeltmek baradaky meseläni çözmelidir we diňe nägilelik şikaýaty (teklipnamany) bermek möhletini dikeltmek baradaky haýyşnama kanagatlandyrylan halatynda, Türkmenistanyň AIÝK-nyň 165-nji maddasynyň kadalaryndan ugur alnyp, nägilelik şikaýaty (teklipnamany) hereketsiz galdyrmak baradaky meseläniň çözülip bilinýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Möhleti dikeltmekden ýüz döndermek we nägilelik şikaýaty gaýtarmak barada kesgitnama çykarylanda bolsa, nägilelik basgançakly arbitraž kazyýeti Türkmenistanyň AIÝK-nyň 95-nji we 166-njy maddalarynda göz öňünde tutulan kadalaryndan ugur almalydyr we onuň bu mesele boýunça kabul eden kesgitnamasy delillendirilen bolmalydyr.

23. Türkmenistanyň AIÝK-nyň 137-nji maddasynda (iş boýunça önümçiligi togtatmak) göz öňünde tutulan ýagdaýlaryň arbitraž kazyýetiniň nägilelik önümçiliginde ýüze çykan halatynda, eger nägilelik basgançakly kazyýet zerur hasap etse, bu kadalaryň kazyýetiň nägilelik basgançagynda işe seredilende hem ulanylyp, işiň önümçilikden togtadylyp bilinýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

24. Eger bellenilen möhletde ýa-da geçirilen möhlet dikeldilenden soň berlen nägilelik şikaýaty (teklipnama) beýleki işe gatnaşyjylaryň şikaýaty boýunça işe seredilenden soň, nägilelik basgançakly arbitraž kazyýetine gelip gowşan bolsa, onda nägilelik basgançakly arbitraž kazyýeti Türkmenistanyň AIÝK-nyň 2-nji maddasynyň 2-nji böleginde we Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 380-nji maddasynda göz öňünde tutulan kadalardan ugur alyp, gelip gowşan nägilelik şikaýata (teklipnama) umumy tertipde seretmelidir.

Eger soňky gelip gowşan nägilelik şikaýaty (teklipnama) seretmegiň netijesinde nägilelik basgançakly arbitraž kazyýeti öň çykarylan nägilelik kesgitnamasynyň kanuna laýyk gelmeýändigi ýa-da esassyzlygy hakynda netijä gelse, onda ol ýatyrylyp, täze nägilelik kesgitnamasy çykarylmaga degişlidir.

25. Nägilelik tertibinde arbitraž işine seretmegiň dowamynda, kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň bozulandygy, ýuridik ýa-da fiziki şahsyň, döwlet edarasynyň ýa-da başga bir edaranyň, wezipeli adamyň işindäki düýpli kemçilikler ýüze çykarylan halatynda, nägilelik basgançakly arbitraž kazyýeti, Türkmenistanyň AIÝK-nyň 157-nji maddasynyň talaplaryndan ugur alyp, hususy kesgitnama çykarmak arkaly, ol kemçiliklere degişli ýuridik we fiziki şahlaryň, döwlet hem-de beýleki edaralaryň, wezipeli adamlaryň ünslerini çekmelidir we hususy kesgitnama boýunça bir aý möhletden gijä galynman görülen çäreler we netijeleri hakynda olardan degişli jogaplaryň alynmagyny üpjün etmelidir.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy B.Hojamgulyýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy J.Açylow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ
PLENUMYNYŇ
K A R A R Y № 4

2023-nji ýylyň 18-nji marty Aşgabat şäheri

Söwda düzgünleriniň bozulmagy baradaky jenaýat işleri boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda

(17.02.2024 ý. № 3; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Söwda düzgünleriniň bozulmagy baradaky işlere seredilende jenaýat kanunçylygyň birmeňzeş we dogry ulanylmagyny üpjün etmek hem-de kazyýet iş tejribesinde kanunçylygy ulanmakda ýüze çykýan meseleler boýunça ugrukdyryjy düşündirişleri bermek maksady bilen, "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Plenum

K A R A R E D Ý Ä R :

1. Döwlet tarapyndan haryt bolçulygynyň döredilip, halkyň durmuş üpjünçiligini we harytlara bolan islegini kanagatlandyrmak, olaryň ähli sarp edijiler üçin elýeterli hem deň derejede mümkinçilikli bolmagyny gazanmaklygy üpjün etmek köp halatlarda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen söwda düzgünleriniň gyşarnyksyz berjaý edilmegini talap edýär.

Şoňa görä-de, bellenilen söwda düzgünleriniň bozulyp, döwlet söwdasynyň (jemgyýetçilik iýmiti) kärhanalarynyň (guramalarynyň) ammarlaryndan, bazarlaryndan, dükanlaryndan we kömekçi jaýlaryndan harytlaryň satylmagy ýa-da harytlaryň sarp edijilerden gizlenip saklanmagy bilen bagly jenaýat işleri derňelende hem-de kazyýetlerde seredilende jenaýatyň hakyky boluş ýagdaýynyň doly we hemmetaraplaýyn anyklanmagy, şol sanda jenaýatyň edilmegine sebäp bolan we şert döreden ýagdaýlaryň ýüze çykarylmagy üçin ähli çäreleriň görülmelidigine hem-de sarp edijileriň hukuklarynyň we döwletiň kanuny bähbitleriniň goralmagynyň üpjün edilmelidigine derňew edaralarynyň we kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

2. Sarp edijileriň bellenilen tertipde erkin hem islegine görä söwda etmeklige bolan hukuklary we olaryň goraglylygy "Sarp edijileriň hukuklaryny goramak hakynda" Türkmenistanyň Kanuny bilen kesgitlenip, olaryň hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň bozulmagynyň degişli administratiw ýa-da jenaýat jogapkärçiligine eltýändigine hem kazyýetler üns bermelidirler.

3. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň (mundan beýläk-Türkmenistanyň JK-nyň) 287-nji (Söwda düzgünleriniň bozulmagy) maddasynda göz öňünde tutulan jogapkärçiligiň ýüze çykmagy üçin, ol hereketleriň döwlet söwdasy (jemgyýetçilik iýmiti) kärhanalarynyň (guramalarynyň) degişli jogapkär işgärleri tarapyndan amala aşyrylan bolmagy hökmanydyr, sebäbi döwlete degişli bolmadyk pudaklaryň

kärhanalarynda (guramalarynda) bellenen söwda düzgünleriniň bozulmagy ýokarda agzalyp geçilen jenaýatyň düzümini emele getirmeýär, ýöne olaryň işgärleriniň bu babatda eden jenaýatçylykly hereketleri işiň anyk ýagdaýlaryndan ugur alnyp, günäkäriň niýetine baglylykda eýeçilige garşy edilen jenaýat hökmünde (meselem, kezzapçylyk) ýa-da täjirçilik we beýleki guramalarda gulluk bähbitlerine garşy edilen jenaýat hökmünde maddalaşdyrylyp bilner.

4. Söwda düzgünleriniň bozulmagy, harytlary satmak ýa-da olary sarp edijilerden gizläp saklamak usullary bilen amala aşyrylýar.

Satmak düzgünleriniň bozulmagy diýlip, harytlaryň bellenilen döwlet söwda düzgünleriniň bozulyp, ammarlardan, bazalardan, dükanlardan we kömekçi jaýlardan satylmagyna, harytlaryň köpçülikleýin satuwdan gizlenilip saklanylmagy diýlip bolsa, olaryň söwda nokatlaryna iberilmän saklanylmagyna, köpçülikleýin satuwa çykarylmazlygyna, alyjylardan harytlaryň köpdürliligi baradaky maglumatlaryň gizlenip saklanmagyna ýa-da nädogry maglumat berilmegine düşünilmelidir.

5. Günäkäriň hereketleriniň Türkmenistanyň JK-nyň 287-nji maddasynyň 1-nji bölegi boýunça maddalaşdyrylmagy üçin, onuň döwlet söwdasynyň (jemgyýetçilik iýmiti) kärhanalarynyň (guramalarynyň) ammarlaryndan, bazalaryndan, dükanlaryndan we kömekçi jaýlaryndan satan harytlaryndan ýa-da sarp edijilerden gizläp saklan harytlaryndan, azyk önümleriniň bellenilen binýatlyk mukdarynyň ýigrimisinden az bolmadyk möçberde, beýleki harytlaryň bolsa bellenilen binýatlyk mukdarynyň ellisinden az bolmadyk möçberde, ýagny uly möçberde bolmalydygyna ýa-da ol jenaýatyň deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan amala aşyrylan bolmalydygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli (Türkmenistanyň JK-nyň 287-nji maddasynyň Belliginiň 1-nji bölegi).

Şunda spirtli içgileriň, temmäki önümleriniň azyk önümleriniň hasabyna alynmaýandygyna hem kazyýetler üns bermelidirler.

Söwda düzgünleri bozulyp, satylan ýa-da sarp edijilerden gizlenip saklanan azyk önümleriniň we beýleki harytlaryň möçberleri ýokarda agzalyp geçilen möçberlerden az bolsa ýa-da ol hereketler deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan amala aşyrylan bolmasa, onda günäkäriň etmişiniň Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksiniň 312-nji maddasynda göz öňünde tutulan jogapkärçilige getirýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

6. Eger-de, söwda düzgünleriniň bozulmagy bilen bagly hereketler guramaçylykly topar tarapyndan ýa-da aýratyn uly möçberde edilen bolsa, onda günäkäriň hereketleri Türkmenistanyň JK-nyň 287-nji maddasynyň 2-nji bölegi boýunça maddalaşdyrylmaga degişlidir.

Türkmenistanyň JK-nyň 287-nji maddasynyň Belliginiň 2-nji bölegine laýyklykda, aýratyn uly möçberde diýlip, azyk önümleriniň bellenilen binýatlyk mukdarynyň ellisinden az bolmadyk möçberde, beýleki harytlaryň bolsa bellenilen binýatlyk mukdarynyň ýüzüsinden az bolmadyk möçberde satylmagyna ýa-da gizlenip saklanylmagyna düşünilmelidir.

Satylan ýa-da gizlenip saklanan harytlaryň möçberleri baradaky mesele çözülende jenaýatyň edilen döwründe hereket eden Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen binýatlyk mukdaryndan ugur alynmalydyr.

7. Türkmenistanyň JK-nyň 287-nji maddasynyň 1-nji we 2-nji böleklerinde göz öňünde tutulan, jenaýatyň deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan edilendigi ýa-da onuň guramaçylykly topar tarapyndan edilendigi baradaky meseläni çözenlerinde kazyýetler Türkmenistanyň JK-nyň 31-nji maddasynyň degişlilikde 1-nji we 2-nji böleklerinde berlen düşündirişlerden ugur almalydyrlar.

8. Kazyýet Türkmenistanyň JK-nyň 287-nji maddasynyň Belliginiň böleklerinde beýan edilen, gizlenen ýa-da satylan harytlaryň görnüşlerini (meselem, harytlar azyk önümlerimi ýa-da beýleki harytlarmy) we möçberlerini kesgitläp, olar barasynda hökümde anyk görkezmelidir, sebäbi söwda düzgünleri bozulyp, satylan harytlaryň dürli görnüşli bolup, azyk önümleriniň we beýleki harytlaryň bahalary, aýratynlykda alynanda bellenilen binýatlyk mukdarynyň uly möçberine ýetmeýändigi (meselem, ähli satylan harytlardan azyk önümleriniň möçberi bellenen binýatlyk mukdarynyň 15 essesine, beýleki harytlaryň möçberi hem binýatlyk mukdarynyň 40 essesine deň bolanda) anyklanan halatynda, eger jenaýat deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan edilen bolmasa, onda günäkäriň hereketleriniň söwda düzgünleriniň bozulandygy üçin jenaýat jogapkärçiligi göz öňünde tutulan, Türkmenistanyň JK-nyň 287-nji maddasynyň 1-nji bölegi boýunça maddalaşdyrylyp bilinmeýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

9. Döwlet söwdasy (jemgyýetçilik iýmiti) kärhanalarynyň (guramalarynyň) ýolbaşçylarynyň we agzalan kärhanalarda (guramalarda) dolandyryş wezipelerini amala aşyrýan adamlaryň, (meselem, kärhananyň ýolbaşçysynyň, ammar müdiriniň, satyjynyň we ş.m), ýagny diňe harytlary kabul etmek, saklamak, goýbermek, ýerlemek işlerini guraýan we ýerine ýetirýän degişli jogapkär işgärleriň Türkmenistanyň JK-nyň 287-nji maddasynda göz öňünde tutulan jenaýatlaryň gönüden-göni subýekti bolup bilýändiklerine kazyýetler üns bermelidirler.

10. Günäkär tarapyndan döwlet söwda düzgünleriniň bozulyp, harytlar satylanda, sarp edijiniň (satyn alyjynyň) razylygynyň bolmagynyň, onuň hereketleriniň Türkmenistanyň JK-nyň 287-nji maddasynyň degişli bölekleri bilen maddalaşdyrylmagy üçin ähmiýeti ýokdur, sebäbi bu mesele çözülende döwlet söwda düzgüniniň bozulmagy netijesinde diňe bir harydy satyn alan sarp edijiniň hukuklary bozulman, beýleki sarp edijileriň hem kanun tarapyndan goralýan hukuklarynyň we döwlet bähbitleriniň bozulýandygyndan ugur alynmalydyr.

11. Eger-de, döwlet söwda düzgünini bozan wezipeli adam bolup, onuň sarp edijilere harytlary öz nyrhyndan ýokary bahadan satyp, bahalardaky aratapawudyny pul ýa-da haryt görnüşinde peýda görendigi anyklansa, onda günäkäriň hereketleri, gören peýdasynyň möçberine baglylykda diňe bir Türkmenistanyň JK-nyň 287-nji maddasynyň degişli bölekleri bilen maddalaşdyrylman, Türkmenistanyň JK-nyň 203-nji (para almak) maddasynyň degişli bölekleri bilen hem goşmaça maddalaşdyrylmalydyr, eger-de bu jenaýat harytlaryň söwda nokatlaryna iberilendigi barada galp resminamalar doldurmak arkaly amala aşyrylan bolsa, onda günäkäriň hereketleri ýokarda agzalyp geçilen maddalardan başga-da,

Türkmenistanyň JK-nyň 206-njy (gulluk galplygy) maddasy bilen goşmaça maddalaşdyrylmaga degişlidir.

12. Günäkäriň, Türkmenistanyň JK-nde göz öňünde tutulan wezipeli adamlaryň ýa-da döwlet gullukçylarynyň ýa-da döwlet gullukçylaryna deňleşdirilýän adamlaryň hatarlaryna girýändigi ýa-da girmeýändigi baradaky mesele çözülende Türkmenistanyň JK-nyň 196-njy maddasynyň Belliginde berlen düşündirişlerden ugur alynmalydyr.

Haçanda söwda düzgünleriniň bozulmagy Türkmenistanyň JK-nyň 287-nji maddasynda göz öňünde tutulan jenaýatlaryň gönüden-göni subýekti bolmadyk adamlar bilen deslapdan dilleşilip amala aşyrylan bolsa, onda ol jenaýata gatnaşyjylar hem Türkmenistanyň JK-nyň 30-njy (jenaýatyň şärikleri) maddasynyň üsti bilen, Türkmenistanyň JK-nyň 287-nji maddasynyň degişli bölekleri bilen jogapkärçilige çekilip bilnerler.

13. Söwda düzgünleriniň bozulmagynda günäkär şahsa jeza bellenilende, kazyýetler jenaýatyň häsiýetini we jemgyýet üçin howplulyk derejesini, günäkäriň şahsyýetini, jogapkärçiligini ýeňilleşdirýän we agyrlaşdyrýan ýagdaýlary nazara alyp, kanunyň jezany aýrybaşgalaşdyrmak hakyndaky talaplaryny gyşarnyksyz berjaý etmelidirler, şunda kazyýetler Türkmenistanyň JK-nyň 287-nji maddasynyň 1-nji we 2-nji bölekleriniň sanksiýalarynda günäkäre belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek görnüşindäki goşmaça jezanyň hökmany bellenilmeginiň göz öňünde tutulandygy sebäpli, onuň ulanylmazlygyna, diňe Türkmenistanyň JK-nyň 58-nji maddasynda görkezilen şertleriň bolan halatynda we hökümde gelnen netijäni delillendirmek bilen ýol berilýändigine hem üns bermelidirler.

14. Söwda düzgünleriniň bozulmagy bilen bagly jenaýat işlerine seredenlerinde kazyýetler Türkmenistanyň JIÝK-nyň 434-nji maddasynda göz öňünde tutulan kadalardan ugur alyp, ýeterlik esaslar bar bolan mahalynda hususy kesgitnama (karar) çykarmak arkaly, döwlet söwdasy (jemgyýetçilik iýmiti) kärhanalarynda (guramalarynda) ýol berlen kanun bozmalaryň iş boýunça anyklanan hakyky ýagdaýlaryna hem-de degişli çäreler görülmegini talap edýän sebäplere we şertlere olaryň ýolbaşçylarynyň ünsüni çekmelidirler.

15. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri etrap kazyýetleri we etrap hukukly şäher kazyýetleri tarapyndan söwda düzgünleriniň bozulmagy bilen bagly jenaýat işlerine seredilende kanunçylygyň dogry ulanylyşyna kazyýet gözegçiligini güýçlendirmelidirler hem-de bu görnüşli işler boýunça kazyýet iş tejribesini wagtal-wagtal umumylaşdyryp, ýüze çykan kemçilikleriň doly aradan aýrylmagyny gazanmak üçin degişli çäreleri görmelidirler, şol sanda kanunçylygyň dogry ulanylmagyny üpjün etmek boýunça kazyýetlere degişli amaly kömekleri hem yzygiderli bermelidirler.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy B.Hojamgulyýew
Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy J.Açylow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 5

2023-nji ýylyň 18-nji marty Aşgabat şäheri

Ýaragyň, ok-däreleriň, partlaýjy maddalaryň ýa-da partladyjy enjamlaryň bikanun edinilmegi, satylmagy, saklanylmagy, äkidilmegi, iberilmegi ýa-da ýanynda göterilmegi, şeýle hem olaryň ogurlanmagy ýa-da gorkuzyp alynmagy bilen bagly işler boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda

(17.02.2024 ý. № 3; 19.07.2025 ý. № 4; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Ýaragyň, ok-däreleriň, partlaýjy maddalaryň ýa-da partladyjy enjamlaryň bikanun edinilmegi, satylmagy, saklanylmagy, äkidilmegi, iberilmegi ýa-da ýanynda göterilmegi, şeýle hem olaryň ogurlanmagy ýa-da gorkuzyp alynmagy üçin jogapkärçiligi göz öňünde tutýan kanunçylygyň kazyýetler tarapyndan birmeňzeş ulanylmagyny üpjün etmek maksady bilen, "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Plenum

KARAR EDÝÄR:

1. Raýat, gulluk, şeýle hem el bilen atylýan söweşjeň we sowuk ýaragyň, ok-däreleriň, şeýle hem partlaýjy maddalaryň we partladyjy enjamlaryň dolanyşygynyň bellenen tertibiniň, şol sanda bu ugurdaky hukuk gatnaşyklaryny kesgitleýän we düzgünleşdirýän kanunçylygyň doly we dogry berjaý edilmeginiň jemgyýetçilik howpsuzlygynyň üpjün edilmeginde hem-de ýaragyň bikanun dolanyşygyna garşy göreşmekde uly ähmiýetiniň bardygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

2. Günäkäriň hereketlerinde Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň (mundan beýläk-Türkmenistanyň JK-nyň) 322-326-njy maddalarynda göz öňünde tutulan jenaýatlaryň düzüminiň bardygy-ýokdugy hakyndaky meseläni çözenlerinde, ilki bilen ondan alnan närseleriň ýarag, ony üpjün edýän düzüm bölekler we komponentler, ok-däriler ýa-da partlaýjy maddalar ýa-da partladyjy enjamlar hasap edilýändigini ýa-da hasap edilmeýändigini kazyýetler anyklamalydyrlar.

Raýat, gulluk, şeýle hem el bilen atylýan söweşjeň we sowuk ýaraglaryň, ok-däreleriň dolanyşygy bilen bagly işlere seredilende şol hukuk gatnaşyklary düzgünleşdirýän we olara gatnaşyjylaryň hukuklaryny we borçlaryny kesgitleýän "Ýarag hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň (mundan beýläk-Kanun) talaplaryndan ugur alynmalydyr.

Şunuň bilen birlikde, şol Kanunda kesgitlenen ýaraglaryň görnüşleri bilen bir hatarda, onda görnüşleri görkezilmedik beýleki ýaraglaryň dolanyşygynyň tertibiniň

Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda düzgünleşdirilýändigine hem kazyýetler üns bermelidirler (meselem, “Partlaýjy maddalar” we “Partladyjy enjamlar” diýen düşünjeler “Howply önümçilik desgalarynyň senagat howpsuzlygy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynda berilýän bolsa, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň degişli kadalaşdyryjy hukuk namalarynda, Türkmenistanyň Goranmak ministrligi, Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi we beýleki harbylaşdyrylan döwlet edaralary tarapyndan alnan, söweşjeň we dessin-gulluk wezipelerini çözmek üçin niýetlenen ýaraglaryň görnüşleri we olaryň dolanyşygynyň tertibi kesgitlenendir we ş.m.).

3. Türkmenistanyň JK-nyň 322-326-njy maddalarynda göz öňünde tutulan ýaraglar we ok-däriler diýlip, Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenen raýat, gulluk, şeýle hem atylýan söweşjeň we sowuk ýaraglara we ok-därilere düşünilýär.

Ýaragyň düzüm bölekleri we komponentleri diýlip bolsa, ok atýan ýarag üçin ýörite niýetlenen we onuň işlemegi üçin zerur bolan islendik elementlere ýa-da ätiýaçlyk detallara, şol sanda nile, korpusa ýa-da nil gutusyna, ýapgyja, barabana, ýapgyjyň osyna ýa-da kazýonnige, şeýle hem atylanda döreýän sesi azaltmak üçin niýetlenen ýa-da uýgunlaşdyrylan islendik enjama düşünilmelidir (Kanunyň 3-nji maddasy).

Partlaýjy maddalar diýlip, därä, dinamide, howanyň kislorody barmazdan partlama ukybyna eýe bolan trotile, nitrogliserine we beýleki himiki maddalara we serişdelere düşünilýär.

Partladyjy enjamlar diýlip, partlaýjy maddalar ýerleşdirilip, ýarmak (partlatmak) üçin niýetlenilen, jemlenen (ýygnalan) enjamlara düşünilýär.

Şunuň bilen birlikde, pnewmatiki ýaragyň, duýduryş, start berýän we gaz pistoletleriň ýa-da gaz balonlaryň, raketalaryň we beýleki imitasiýa-pirotehniki we ýagtylandyryş serişdeleriň, şeýle hem gurluşyk-montaž işlerinde ulanylýan pistoletiň we rewolweriň hem-de hojalyk-önümçilik maksatlarynda ulanmak üçin niýetlenýän degişli tertipde hasaba alnan ýaraglaryň Türkmenistanyň JK-nyň 322-326-njy maddalarynda, jogapkärçiligi göz öňünde tutulan ok atýan ýaraglaryň hataryna girmeýändigine hem kazyýetler üns bermelidirler.

4. Şu görnüşli jenaýat işleri derňelende we kazyýetde seredilende, günäkäriň ýanyndan alnan maddy subutnamalaryň - närseleriň, ok atýan ýaraglaryň, ok-därileriň, partlaýjy maddalaryň ýa-da partladyjy enjamlaryň hataryna we haýsy görnüşlerine girýändigini, olaryň ulanyşa ýaramlydygyny ýa-da ýaramly däldigini, şol sanda olaryň haýsy usulda ýasalandygyny anyklamak üçin (bellenen tertipde ýa-da emeli usulda ýasalandygyna garamazdan) degişli bilermenler seljermesiniň bellenilmeginiň hökmanydygyna deslapky derňew edaralarynyň we kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

5. Kanuna laýyklykda, sowuk ýarag diýlip, urulýan närse bilen gös-göni gatnaşyk bolanda adamyň el güýjüniň kömegi bilen nyşany urmak, bölmek we çümdürmek üçin niýetlenen, senagat usulda ýa-da emeli usulda ýasalan ýaraga aýdylýar (meselem, gamalar, fin pyçaklary, söweş, milli ýa-da aw pyçaklary, söweş paltalary, kastetler we ş.m.).

Iş boýunça maddy subutnama bolup geçýän närsäniň sowuk ýaragyň hataryna girýändigini ýa-da girmeýändigini anyklamak üçin hem degişli bilermenler seljermesiniň geçirilmegi hökmanydyr.

6. Her bir ýaragyň we ok-därileriň görnüşleriniň dolanyşygynyň tertibi diňe Kanun bilen kesgitlenmän, eýsem-de Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň we degişli pudak edaralaryň kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen hem düzgünleşdirilýändigini nazara alyp, kazyýet günäkäri Türkmenistanyň JK-nyň 322-326-njy maddalarynda göz öňünde tutulan jenaýatlary etmekde günäli bilmek baradaky meseläni çözende, onuň haýsy kadanyň tertibini bozandygyny anyklap, ol barasynda hökümde anyk görkezmelidir.

7. Ýaragyň we ok-därileriň bikanun edinilmegi diýlip, ol zatlaryň günäkär tarapyndan sowgat hökmünde ýa-da algysynyň hasabyna bikanun alynmagyna, şol sanda haryda ýa-da başga bir emläge çalşylyp alynmagyna, ol zatlary tapyp eýelemegine ýa-da bikanun satyn alynmagyna düşünilýär.

Ýaragyň we ok-därileriň satylmagy diýlip, ol zatlaryň günäkär tarapyndan başga bir şahsa muzdly ýa-da muzdsuz bikanun berilmegine, ýagny satylmagyna, sowgat edilmegine ýa-da bergisiniň hasabyna berilmegine we ş.m. düşünilýär.

Ýaragyň we ok-därileriň bikanun saklanmagy diýlip, ol zatlaryň günäkär tarapyndan jaýlarda, desgalarda, şeýle hem başga ýerlerde we zatlaryň içinde bikanun saklanmagyna düşünilýär.

Ýaragyň we ok-därileriň bikanun äkidilmegi diýlip, ol zatlaryň günäkär tarapyndan ulagyň islendik görnüşünde (awtoulagda, welosipedde we beýleki ulag serişdelerinde ýa-da haýwanlary ulag hökmünde ulanmak arkaly we ş.m.) bir ýerden başga bir ýere bikanun geçirilmegine düşünilýär.

Ýaragyň we ok-därileriň bikanun iberilmegi diýlip, ol zatlaryň günäkär tarapyndan beýleki adamlara wagtlaýyn ulanmak üçin, şol sanda jenaýat etmekde ulanylmagy üçin berilmegine ýa-da wagtlaýyn saklamak üçin bikanun berilmegine düşünilýär.

Ýaragyň we ok-därileriň bikanun ýanynda göterilmegi diýlip, ol zatlaryň günäkär tarapyndan geýiminiň içinde, şol sanda teniniň islendik ýerine berkidip saklap, şeýle hem sumkada we başga zatlarda gizläp ýa-da gizlemän ýanynda bikanun götermegine düşünilýär.

8. Ýaragyň, ok-därileriň, partlaýjy maddalaryň ýa-da partladyjy enjamlaryň ogurlanandygy ýa-da gorkuzyp alnandygy üçin, Türkmenistanyň JK-nyň 326-njy maddasynda göz öňünde tutulan jogapkärçiligiň ýüze çykmagy üçin, ol zatlaryň döwletiň ýa-da beýleki pudaklaryň edaralaryndan, kärhanalaryndan, guramalaryndan ýa-da aýratyn adamlardan ogurlanan ýa-da gorkuzyp alnan bolmagy ýeterlikdir, şunda günäkäriň hereketleriniň Türkmenistanyň JK-nyň 326-njy maddasy bilen maddalaşdyrylmagyna ogurlanan ýa-da gorkuzyp alnan närseleriň ol şahslarda kanuny esasda ýa-da bikanun ýol bilen saklanan bolmagynyň ähmiýeti ýokdur.

9. Ýaragyň, ok-därileriň, partlaýjy maddalaryň ýa-da partladyjy enjamlaryň bikanun eýelenmeginiň, satylmagynyň, saklanmagynyň, äkidilmeginiň, iberilmeginiň ýa-da ýanynda göterilmeginiň özbaşdak jenaýat bolup duryandygy sebäpli, sanalyp

geçilen närseleriň ilki ogurlanyp, soňundan olaryň bikanun göterilmegi, saklanmagy ýa-da satylmagy jenaýatlaryň hakyky jemini emele getirýändigi üçin, günäkäriň bu hereketleriniň Türkmenistanyň JK-nyň 326-njy we 322-nji maddalarynyň degişli bölekleri bilen, jenaýatlaryň jemi boýunça maddalaşdyrylmaga degişlidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Eger-de ýaragyň, ok-därileriň, partlaýjy maddalaryň ýa-da partladyjy enjamlaryň ogurlanmagy başga bir jenaýaty amala aşyrmak maksady bilen edilip, emma günäkär saklanan bolsa, onda anyklanan ýagdaýa baglylykda onuň hereketleri Türkmenistanyň JK-nyň 326-njy maddasyndan başga-da, amala aşyryp ýetişmedik jenaýatyna (ol jenaýat orta agyr, agyr ýa-da aýratyn agyr bolmaly) taýýarlyk hökmünde hem goşmaça maddalaşdyrylmalydyr.

10. Ege-de günäkär, ýarag, ok-däriler, partlaýjy maddalar ýa-da partladyjy enjamlar bilen bagly bikanun hereketleri amala aşyryp, ol närseleri Türkmenistanyň Döwlet ýa-da gümrük serhedinden bikanun geçiren bolsa, onda anyklanan ýagdaýlara görä, onuň bu hereketleri Türkmenistanyň JK-nyň 276-njy maddasynyň degişli bölekleri bilen hem goşmaça maddalaşdyrylmaga degişlidir.

11. Türkmenistanyň JK-nyň 322-nji we 323-nji maddalarynda, olarda görkezilen närseleri meýletin tabşyran adamyň, eger onuň hereketlerinde jenaýatyň başga alamaty ýok bolsa, jenaýat jogapkärçiliginden boşadylýandygy göz öňünde tutulandyr.

Ok atýan ýaraglaryň ýa-da Türkmenistanyň JK-nyň 322-nji we 323-nji maddalarynda görkezilen närseleriň meýletin tabşyrylmagy diýlip, olaryň günäkär tarapyndan öz erkine görä meýletin berilmegine ýa-da ol närseleriň ýerleşýän ýerinde saklanmagynyň dowam etdirilmegine mümkinçiligi bolup, olar barasynda degişli edaralara, şol sanda häkimiýet edarasyna habar bermegine düşünilýär.

Günäkäriň tutulyp saklanan wagtynda ýa-da derňew hereketleri geçirilende tapylyp alynmadyk we Türkmenistanyň JK-nyň 322-nji we 323-nji maddalarynda görkezilen, derňew edaralaryna saklanýan ýeri belli bolmadyk şol närseleriň günäkär tarapyndan, ol derňew hereketleri amala aşyrylandan soň meýletin berilmegi hem, şol zatlar barasynda meýletin tabşyrma diýlip netijä gelmeklige esas bolup bilýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Şunda günäkäriň meýletin tabşyrma barada karara gelmegine ony haýsy ýagdaýlaryň iterendiginiň ähmiýeti ýokdur we onuň başga jenaýatlar üçin jenaýat jogapkärçiligine çekilýändigine garamazdan, ol Türkmenistanyň JK-nyň 322-nji we 323-nji maddalary boýunça jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmaga degişlidir.

Eger-de ol närseler günäkärden, onuň tutulyp saklanan wagty ýa-da derňew hereketleri geçirilende ýüze çykarylyp alnan bolsa, onda olar meýletin tabşyrma diýlip hasap edilmeýär.

12. Türkmenistanyň JK-nyň 322-nji we 323-nji maddalarynda görkezilen närseleriň günäkär tarapyndan meýletin tabşyrylmagy onuň hereketlerinde jenaýatyň düzüminiň ýokdugyny aňlatmaýar, şoňa görä-de ol barasynda jenaýat işiniň ýa-da jenaýat yzarlaýşynyň, ýokarda agzalyp geçilen maddalaryň Belliklerine laýyklykda

önümçilikden ýatyrylmagy, ol jenaýatlary amala aşyran adamyň reabilitasiýa edilen hasap edilmeýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

13.Günäkäriň Türkmenistanyň JK-nyň 322-nji maddasy boýunça jenaýat jogapkärçilige çekilmegi üçin, onda göz öňüne tutulan hereketleriň biriniň edilen bolmagy (ýagny, ýaragyň, ok-därileriň, partlaýjy maddalaryň ýa-da partladyjy enjamlaryň bikanun edinilmegi ýa-da bikanun satylmagy ýa-da bikanun saklanylmagy ýa-da bikanun äkidilmegi ýa-da iberilmegi ýa-da ýanynda göterilmegi) ýeterlikdir we onuň belli bir netijeli ýagdaýa getirmegi talap edilmeýär, ýöne bu ýagdaýlar kazyýet tarapyndan günäkäre jeza çäresi bellenende göz öňünde tutulyp bilner.

14. Günäkäriň hereketlerini Türkmenistanyň JK-nyň 322-nji maddasynyň 2-nji bölegi bilen gaýtadan amala aşyrylan jenaýat hökmünde maddalaşdyrylmagy üçin, onuň ozal şol maddanyň 1-3-nji böleklerinde göz öňünde tutulan jenaýatlary eden bolmagy ýeterlikdir, özi hem onuň ozalky eden jenaýaty üçin iş kesilen bolmagy hökmany däldir, emma şol jenaýat boýunça ony jogapkärçilige çekmek üçin şol Kodeksiň 73-nji maddasynda görkezilen wagt möhleti geçmedik bolmalydyr ýa-da ol jezadan ýa-da jenaýat jogapkärçiliginden boşadylan bolmaly däldir, iş kesilen halatynda bolsa, onuň iş kesilenlik aýby öz-özünden aýrylan ýa-da aýrylan bolmaly däldir.

Şunuň bilen birlikde, günäkär ozal Türkmenistanyň JK-nyň 322-nji maddasynyň 4-nji böleginde göz öňünde tutulan jenaýaty etmekde iş kesilen bolup, soňra şol maddanyň 1-3-nji böleklerinde göz öňünde tutulan jenaýatlary edendigi anyklanan halatynda hem, ol ýagdaýlaryň günäkäriň hereketlerini Türkmenistanyň JK-nyň 322-nji maddasynyň 2-nji böleginiň “gaýtadan” alamaty boýunça maddalaşdyrylmaga esas bolmaýandygyny kazyýetlere düşündirmeli.

15. Türkmenistanyň JK-nyň 326-njy maddasynyň 2-nji böleginde göz öňünde tutulan jenaýatyň “gaýtadan” alamaty boýunça günäkäriň hereketlerini maddalaşdyrmak baradaky meseläni çözenlerinde kazyýetler Türkmenistanyň JK-nyň 320-nji maddasynyň Belliginde görkezilen talaplardan ugur almalydyrlar.

Oňa laýyklykda, Türkmenistanyň JK-nyň 320-nji, 326-njy we 329-njy maddalarynda göz öňünde tutulan gaýtadan edilen jenaýat diýlip, şu maddalarda, şeýle hem şol Kodeksiň 247-254-nji we 293-301-nji maddalarynda göz öňünde tutulan jenaýatlardan birini ýa-da birnäçesini öň eden adam tarapyndan edilen jenaýat hasap edilýär.

Günäkäriň hereketleriniň Türkmenistanyň JK-nyň 323-nji maddasynyň 2-nji bölegi boýunça gaýtadan edilen jenaýat hökmünde maddalaşdyrylmagy üçin, onuň ozal şol maddanyň 1-3-nji böleklerinde göz öňünde tutulan jenaýatlardan birini ýa-da birnäçesini edendigi anyklanmalydyr.

Bu ýagdaýlarda hem günäkäriň ozalky edilen jenaýat üçin iş kesilen bolmagy talap edilmeýär, ýöne ony şol jenaýat boýunça jogapkärçilige çekmek üçin, kanunda görkezilen wagt möhleti geçmedik bolmalydyr, ol jezadan ýa-da jenaýat jogapkärçiliginden boşadylan bolmaly däldir, eger günäkär ozal iş kesilen bolsa, onda onuň iş kesilenlik aýyby öz-özünden aýrylan ýa-da aýrylan bolmaly däldir.

16. Türkmenistanyň JK-nyň 322-nji maddasynyň 2 we 3-nji bölekleri ýa-da 323-nji maddasynyň 2-nji bölegi ýa-da 326-njy maddasynyň 2-nji we 3-nji bölekleri boýunça, olarda göz öňünde tutulan jenaýatlaryň deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan ýa-da guramaçylykly topar ýa-da jenaýatçylykly bileleşik tarapyndan edilendigi baradaky mesele çözülende Türkmenistanyň JK-nyň 31-nji maddasynda berlen degişli düşündirişlerden ugur alynmalydyr.

Şunda, deslapdan dilleşik boýunça adamlaryň topary, guramaçylykly topar ýa-da jenaýatçylykly bileleşik tarapyndan jenaýatyň edilmeginiň şol Kodeksde bellenilen esasda we çäklerde has berk jeza bellenilmegine eltýändigine hem kazyýetler üns bermelidirler (Türkmenistanyň JK-nyň 31-nji maddasynyň 5-nji bölegi).

17. Günäkär tarapyndan, nililiň içi ýylmanak bolan aw ýaragynyň we onuň ok-därileriniň bikanun edinilmeginiň, satylmagynyň, saklanylmagynyň, äkidilmeginiň, iberilmeginiň ýa-da ýanynda göterilmeginiň jenaýat hasap edilmeýändigini we ol hereketler üçin jogapkärçiligiň Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksiniň 375-nji maddasynda göz öňünde tutulandygyny kazyýetlere düşündirmeli.

Eger-de, günäkär tarapyndan içi ýylmanak bolan aw ýaragynyň nili kesilip, obrez ýa-da görnüşi üýtgedilip, başga ýarag ýa-da oňa ok-däri ýasalan, şeýle hem olar bikanun saklanan, äkidilen, ýanynda göterilen ýa-da satylan bolsa, onda onuň bu hereketleri Türkmenistanyň JK-nyň 323-nji we 322-nji maddalarynyň degişli bölekleri bilen, jenaýatlaryň jemi boýunça maddalaşdyrylmaga degişlidir.

18. Ok atýan ýaragyň, onuň düzüm böleklériniň we komponentleriniň bikanun ýasalmagy ýa-da abatlanmagy, şonuň ýaly-da ok-däriler, partlaýjy maddalaryň ýa-da partladyjy enjamlaryň bikanun ýasalmagy diýlip, olaryň bikanun döredilmegine ýa-da dikeldilmegine, şol sanda närsäniň täze görnüşe getirilip, ok atýan ýaragyň ýasalmagyna (meselem, start berilýän ýa-da gurluşyk pistoletlerinden ok atýan pistoletiň ýasalmagy ýa-da nililiň içi ýylmanak bolan aw tüpeňiniň nili kesilip, obreziň ýasalmagy we ş.m.) düşünilýär.

19. Türkmenistanyň JK-nyň 326-njy maddasynda göz öňünde tutulan ok atýan ýaragyň, ok-däriler, partlaýjy maddalaryň ýa-da partladyjy enjamlaryň ogurlanmagy ýa-da gorkuzyp alynmagy diýlip, olaryň kanuna garşy gelýän islendik usulda (ýagny, gizlin ogurlamak, özüne ynanylan ýaragy, ok-däriler eýelemek ýa-da harç etmek ýa-da talaňçylyk, garakçylyk ýa-da kezzapçylyk ýa-da gorkuzyp almak arkaly) günäkär tarapyndan özüne almak ýa-da başga birine bermek maksady bilen ýa-da öz garamagyna başga niýetler bilen eýelenmegine düşünilýär.

Bu jenaýatyň obýektiniň diňe bir emläk (ýaraglar, ok-däriler we ş.m.) bolman, jemgyýetiň howpsuzlygy hem bolup durýandygy sebäpli, onuň düzümininiň emele gelmegi üçin günäkäriň betnebislik maksatlarynyň (meselem, özi üçin eýelemek ýa-da üçünji adamyň eýeçiligine bermek pikiriniň) bolmagynyň hökmany hasap edilmeýändigini we onuň ol närseleri ogurlyk edenden soň, degişliligi boýunça yzyna gaýtarmak niýetiniň bolandygynyň ýa-da ogurlyk edenden soň olary zyňyp

taşlamagynyň, onuň hereketleriniň Türkmenistanyň JK-nyň 326-njy maddasy boýunça maddalaşdyrylmagyna täsiriniň ýokdugyny kazyýetlere düşündirmeli.

20. Ok atýan ýaragyň, ony üpjün edýän düzüm böleklerіniň we komponentleriniň, ok-därileriň, partlaýjy maddalaryň ýa-da partladyjy enjamlaryň ogurlanmagy, günäkäriň gulluk ýagdaýy bilen baglanyşykly diýlip hasap edilýär, haçanda olar günäkäriň özüne belli bir wagta ýörite wezipe borçlaryny ýerine ýetirmek üçin berlen bolup, ol tarapyndan ogurlanan bolsa (meselem, garawulyň, nobatda duran polisiýa işgäriniň ýa-da inkassatoryň gulluk borçlaryny ýerine ýetirýän wagtlary we ş.m.).

Ok atýan ýaragyň, ony üpjün edýän düzüm böleklerіniň we komponentleriniň, ok-därileriň, partlaýjy maddalaryň ýa-da partladyjy enjamlaryň ogurlanmagynyň ynanylan adam tarapyndan amala aşyrylmagy diýip bolsa, ol närseleriň daşyndan gorap saklaýan goragçy-sakçy tarapyndan, şeýle hem gulluk ýagdaýy bilen bagly ol närseler garamagynda bolan wezipeli ýa-da maddy-jogapkär adam tarapyndan ogurlanmagyna düşünmeli.

21. Gulluk boýunça ynanylan ýaragy bilen gaçgaklyk eden harby gullukçynyň hereketleri Türkmenistanyň JK-nyň 343-nji maddasynyň degişli bölegi bilen maddalaşdyrylýar.

Eger ýarag eýelemek maksady bilen alnyp gaçylan bolsa ýa-da ol pikir soň döräp ýarag eýelenen bolsa, onda günäkäriň hereketleri Türkmenistanyň JK-nyň 343-nji we 326-njy maddalarynyň degişli bölekleri bilen, jenaýatlaryň jemi boýunça maddalaşdyrylmaga degişlidir.

22. Türkmenistanyň JK-nyň 326-njy we 322-nji maddalary esasynda, ýaragyň ogurlanmagy, göterilmegi, saklanmagy, edinilmegi ýa-da satylmagy üçin jogapkärçilik, haçan-da şol närseler ulanylmaga ýaramly bolanda ýa-da günäkäriň olary ýaramly ýagdaýa getirmäge niýeti we hakykat ýüzünde mümkinçiligi bolan halatynda ýüze çykýandygyny kazyýetlere düşündirmeli.

Ulanylmaga ýaramly ok atýan ýaragy ýygnamak üçin zerur komplekt bolan esasy düzüm bölekleri we komponentleri ogurlananda hem, günäkäriň hereketleri Türkmenistanyň JK-nyň 326-njy maddasynyň degişli bölekleri boýunça maddalaşdyrylýar.

Eger-de günäkär ulanylmaga ýaramly bolmadyk ýaragy (ok-däriler, partlaýjy maddalary we ş.m.), onuň hili barada aldanyp, ony gurat hasap edip ogurlan bolsa, onda onuň hereketleri ol närseleri ogurlamagyň kastyna düşme hökmünde maddalaşdyrylmaga degişlidir.

23. Ok atýan ýaragyň harsal saklanmagy üçin, Türkmenistanyň JK-nyň 324-nji maddasy bilen jogapkärçiliginiň ýüze çykmagy üçin, ol ýaragyň günäkärde kanuny esasda saklanýan bolmagy hökmanydyr, şunda bu jenaýatyň närsesi diňe senagat önümçiliginde (zawodda) taýýarlanan ýaragyň bolup bilýändigine hem üns berilmelidir, şoňa görä-de günäkäriň bikanun saklaýan ok-atýan ýaragy harsal saklamagy, onuň başga adamlar tarapyndan ulanylyp, agyr netijelere getirse (meselem, adamyň saglygyna agyr zyýan ýetirilmegine ýa-da adamyň ölmegine getirse ýa-da adamyň öz-özüni öldürmegine getirse ýa-da ok atýan ýarag jenaýat

etmegi niýet edinen adamyň eline düşüp, onuň bilen jenaýat edilmegine getirse), onuň hereketleriň Türkmenistanyň JK-nyň 322-nji maddasynyň 1-nji bölegi boýunça (ýaragyň bikanun edinilmegi, saklanmagy) maddalaşdyrylmagy ýeterlikdir we Türkmenistanyň JK-nyň 324-nji maddasy bilen maddalaşdyrylmagy talap edilmeýär.

24. Ýaragyň, ok-däreleriň, partlaýjy maddalaryň ýa-da partladyjy enjamlaryň bikanun dolanyşygy, şeýle hem olaryň ogurlanmagy ýa-da gorkuzyp alynmagy bilen bagly jenaýat işlerine seredenlerinde kazyýetler ol jenaýatlaryň öňüni almak we duýdurmak maksady bilen, ýaragyň we ok-däreleriň harsal saklanmagynyň we ogurlanmagynyň sebäplerini we olara şert döreden ýagdaýlary anyklamak üçin degişli çäreleri görmelidirler hem-de ýeterlikli esaslar bar bolan mahalynda hususy kesgitnama (karar) çykarmak arkaly, onuň üsti bilen degişli döwlet we beýleki edaralarynyň, jemgyýetçilik birleşikleriniň ýa-da wezipeli adamlaryň kanunyň bozulmagynyň iş boýunça anyklanan hakyky ýagdaýlaryna, jenaýat edilmegine ýol açan hem-de degişli çäreler görülmegini talap edýän sebäplere we şertlere ünsüni çekmelidirler.

25. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri etrap kazyýetleri we etrap hukukly şäher kazyýetleri tarapyndan agzalyp geçilen görnüşli jenaýat işleriniň seredilişine kazyýet gözegçiligini güýçlendirmelidirler we olar boýunça kazyýet iş tejribesini yzygiderli öwrenip, umumylaşdyrmalydyrlar hem-de ýüze çykarylan kemçilikleri düzetmek üçin wagtynda zerur çäreleri görmelidirler, şol sanda kanunçylygy dogry ulanmak boýunça olara degişli amaly kömekleri bermelidirler.

26. Şu Kararyň kabul edilmegi bilen baglylykda Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumynyň 1995-nji ýylyň 20-nji oktýabryndaky “Ok atýan ýaragyň harsal saklanylmagy, ýaragyň, ok-däreleriň ýa-da partlaýjy maddalaryň ogurlanmagy bilen bagly jenaýatlary maddalaşdyrmagyň käbir meseleleri hakynda” (oňa 12.08.2006ý. we 19.04.2014ý. girizilen üýtgetmeler bilen) belgisiz kararyny güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy B.Hojamgulyýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy J.Açylow

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 1

2024-nji ýylyň 17-nji fewraly Aşgabat şäheri

Ýaşaýyş jaýyny gurmak üçin bölünip berlen mellek ýerleri we ýer bölekleri bilen baglanyşykly jedelleri düzgünleşdirmekde kanunçylygy ulanmak boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda

(25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň karary esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen)

Ýaşaýyş jaýyny gurmak üçin bölünip berlen mellek ýerleri we ýer bölekleri bilen baglanyşykly jedeller boýunça işlere seredilende kazyýetler tarapyndan kanunçylygyň birmeňzeş we dogry ulanylmagyny üpjün etmek hem-de kazyýet iş tejribesinde kanunçylygy ulanmakda ýüze çykýan meseleler boýunça ugrukdyryjy düşündirişleri bermek, şeýle-de Türkmenistanyň kazylarynyň 2023-nji ýylyň 17-nji martyndaky 5-nji maslahatynyň Kararynyň 4-nji bölegini ýerine ýetirmek maksady bilen, "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Plenum

K A R A R E D Ý Ä R:

1. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 12-nji, 48-nji we 51-nji maddalaryna laýyklykda, eýeçiligiň we ýaşaýyş jaýyň eldegrilmesizdigi, ýere hususy eýeçilik hukugy, her bir adamyň eýeçiligindäki emlägine eýelik etmegi, ondan peýdalanmagy we oňa ygtyýar etmegi kepillendirilip, bu hukuklaryň goralmagynyň tertibi Türkmenistanyň kanunçylygynda düzgünleşdirilendir.

2. "Ýer hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 16-21-nji maddalarynda, şahsy adamlara, Türkmenistanyň we daşary ýurt döwletleriniň edara görnüşindäki taraplaryna hem-de daşary ýurt döwletlerine we halkara guramalaryna ýer böleklerini bermegiň tertibi we olardan peýdalanmagyň görnüşleri, ýagny ýere bolan hukugyň ýüze çykmagynyň esaslary kesgitlenendir.

Ýer bölegine eýeçilik hukugy, ýerden peýdalanmak hukugy we ýere kärende hukugy, ýer serişdelerini dolandyrmak baradaky döwlet edarasy tarapyndan ýer böleginiň hakyky çäkleri bellenilenden we şol oňa bolan hukuga güwä geçýän resminamalar berlenden soň ýüze çykýandygyny we diňe şondan soň ýer bilen baglanyşykly raýat-hukuk gatnaşyklarynyň amala aşyrylyp bilinýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

3. Türkmenistanyň raýatlaryna hususy eýeçilige berlen ýerlerden başga, Türkmenistanyň ähli ýerleri döwletiň eýeçiliginde durýar. Şoňa görä-de, ýere bolan

eýeçilik hukugyna degişli raýat-hukuk gatnaşyklarynyň subýekti bolup diňe Türkmenistanyň raýatlary we döwlet çykyş edip biler.

Türkmenistanyň raýatlaryna ýer bölekleri, oba ýerlerinde şahsy kömekçi hojalygyny alyp barmak, ýaşaýyş jaýyny we hojalyk desgalaryny gurmak üçin mellek ýerleri, şäherlerde we şäherçelerde özbaşdak ýaşaýyş jaýyny gurmak we oňa hyzmat etmek üçin hususy eýeçilige berilýär.

On ýylyň dowamynda kärendä alan ýerlerinden netijeli peýdalanyp oba hojalyk ekinleriniň ýokary hasylyny almagy üpjün eden kärendeçilere - Türkmenistanyň raýatlaryna, öň olar tarapyndan uzak möhletli kärende şertlerinde peýdalanýan daýhan birleşikleriniň we beýleki oba hojalyk kärhanalarynyň ýerlerinden Türkmenistanyň Prezidentiniň çözgüdi esasynda 3 (üç) gektara çenli ýer böleginiň oba hojalyk önümlerini öndürmek üçin mirasa goýmak hukugy bilen hususy eýeçilige berlip bilinýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

4. Ýaşaýyş jaýyna ýa-da onuň bir bölegine hususy eýeçilik hukugynyň Türkmenistanyň Ýaşaýyş jaý kodeksiniň 23-26-njy maddalarynda görkezilen esaslar boýunça ýüze çykýandygyna, şeýle-de Türkmenistanyň kanunçylygyna garşy gelmeýän beýleki esaslar boýunça hem (mysal üçin wagt möhleti sebäpli gozgalmaýan emläklere eýeçilik hukugyny edinmek Türkmenistanyň RK-nyň 190-njy maddasy) ýüze çykyp bilýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

5. Raýatlaryň hususy eýeçiligine berilýän ýer bölekleriniň çäkleri olaryň maksatly niýetlenilişine baglylykda "Ýer hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 25-nji we 26-njy maddalarynda bellenilendir. Mysal üçin, oba ýerlerinde şahsy kömekçi hojalygyny alyp barmak-mellek ýeri her bir maşgala 0,16 gektara çenli möçberde, ýöne gür ilatly, ýer we suw serişdeleriniň çäkli etraplarynda (şäherlerinde) ýer serişdelerini dolandyrmak baradaky döwlet edarasy bilen ylalaşylyp, degişli welaýatyň ýer meseleleri baradaky toparlarynyň çözgüdi esasynda şahsy kömekçi hojalygy alyp barmak üçin kesgitlenilen möçberden az, ýöne her maşgala 0,12 gektardan az bolmadyk şerti bilen, şäherlerde we şäherçelerde ýaşaýan raýatlaryň maşgalalaryna özbaşdak ýaşaýyş jaýyny gurmak we oňa hyzmat etmek üçin ýer 0,10 gektara çenli möçberde, häkimiň ýer bölegini bermek baradaky kararynda görkezilendigine ýa-da görkezilmändigine garamazdan, satmak, çalyşmak, peşgeş bermek, girewe goýmak hukugy berilmezden, ýer bölekleri ýeri mirasa goýmak hukugy bilen Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanan ýörite ýer gaznasyndan berlip bilner.

6. Mellek ýeri diýlende, etraplaryň (şäherleriň) häkimleriniň kanunda bellenilen tertipde Türkmenistanyň raýatlarynyň maşgalalarynyň eýeçiligine şahsy kömekçi hojalygyny alyp barmak, özbaşdak ýaşaýyş jaýyny we hojalyk desgalaryny gurmak üçin berilýän ýer bölegine düşünilýär. Mellek ýeriniň maksatly berilýändigine we hususy eýeçiligine berilýän beýleki ýer bölekleriniň hukuk ýagdaýynyň tapawutlanýandygyna kazyýetler üns bermelidirler.

Şahsy kömekçi hojalygyny alyp barmak diýlende, oba ýerleriniň çäginden berlen mellek ýerinde gurlan ýaşaýyş jaýdan we beýleki desgalardan başga, ýerleriň oba hojalyk maksatly işler üçin ulanylmagyna (oba hojalyk önümlerini öndürmek, mallary we öý guşlaryny saklamak, ekin ekmek, bag-bakjalary ösdürip ýetişdirmek

we ş.m.), hojalygyň şahsy talabyny kanagatlandyrmak we girdeji almak üçin peýdalanylmagyna düşünilýär.

Özbaşdak ýaşaýyş jaýyny gurmak diýlende, oba ýerleriniň çäginden berlen mellek ýeriniň eýesiniň öz maşgalasynyň talabyny kanagatlandyrmak üçin ýaşaýyş jaýyny gurmak, kömekçi hojalygyny ýöretmek, şonuň bilen baglanyşykly oba hojalyk önümini öndürmek hem-de ýerlemek maksady bilen zerur bolan beýleki desgalary gurmak üçin ulanylmagyna düşünilýär.

7. Mellek ýerini hususy eýeçilige bermek barada etrap (şäher) häkimi karar kabul edýär. Bu karar esasynda ýer böleklerine eýeçilik hukugynyň berilmegini resmileşdirmek, şeýle hem degişli resminamalary bermek, ýer serişdelerini dolandyrmak baradaky döwlet edarasy tarapyndan ýer böleklériniň eýeleriniň hasabyna Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde amala aşyrylýar. Bu hukuklaryň döwlet tarapyndan bellige alynmagy Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanyndaky Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gullugyň ýerli edaralary tarapyndan amala aşyrylýar. Agzalan edaralaryň hereketine (hereketsizligine) kanunda bellenilen tertipde kazyýete şikaýat edilip bilner.

8. Mellek ýeri ýaşaýyş jaýyny gurmak we kömekçi hojalygyny alyp barmak maksady bilen maşgala berilýär. Şol ýer bölegi miras hukugy boýunça şahsy kömekçi hojalygyny alyp barmaga isleg bildiren birnäçe mirasdarlara geçen halatynda, umumy eýeçilik ýüze çykýar. Umumy eýeçilikden peýdalanmak boýunça jedel ýüze çykan halatynda, onuň ýatyrylmagy we umumy eýeçilikdäki paýyň kesgitlenmegi kazyýetleriň garamagyna degişlidir.

Är-aýalyň mellek ýerinde guran ýaşaýyş jaýyna olaryň umumy eýeçilik hukugy kanunda bellenilen tertipde doly ýa-da bölekleýin aýrybaşgalananda ýa-da mirasdarlara miras hukugy boýunça geçende umumy eýeçilik hukugynyň bes edilýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

Ýaşaýyş jaýyna bolan umumy eýeçilik ýatyrylanda oňa degişli resminamalar notarial tertipde tassyklanylmalydyr we jaýyň täze eýeleri kanunda bellenilen tertipde döwlet tehniki tükelleýiş edarasynda bellige hem-de Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň degişli edarasynda döwlet belligine alynmalydyr.

9. “Ýer hakynda” Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 113-nji maddasyna laýyklykda, ýer jedellerini çözýän edaralaryň-Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, ýer serişdelerini dolandyrmak baradaky döwlet edarasy, şeýle hem ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralary we kazyýetdigine, ýöne ýer gatnaşyklary bilen baglanyşykly ýaşaýyş jaý jedelleriniň we raýatlaryň umumy hususy eýeçiligi bolup, olaryň arasynda ýer böleklerini hem ulanmaklygyň tertibini kesgitlemegiň, şeýle-de agzalan Kanunyň 114-nji maddasyna laýyklykda, ýer gatnaşyklary bilen baglanyşykly emläk jedelleriniň hem kanunda bellenilen tertipde kazyýetler tarapyndan çözülýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

Ýer gatnaşyklary bilen baglanyşykly emläk jedelleri diýlende, emläk bähbitli jedellere, şol sanda ýerden bilelikde peýdalanylmagy bilen görülen peýda, kömekçi hojalygyň önümleriniň we girdejiniň bölünmegine, ýaşaýyş jaýyň ulanylmagy bilen baglanyşykly peýda we beýleki jedellere düşünilýär.

Şeýle hem, ýeriň ulanylmagynyň tertibini we çäklerini kesgitlemek bilen baglanyşykly jedelleriň ilki bilen ýokarda agzalyp geçilen edaralar tarapyndan ygtyýarlyklarynyň çäklerinde seredilmäge degişlidigini, haçan-da olaryň netijesi bilen ylalaşylmadyk ýagdaýynda, çykarylan degişli çözgüdiň kazyýete şikaýat edilip bilinýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

10. Türkmenistanyň RK-nyň 194-nji maddasynyň 1-nji bölegine, 196-njy maddasynyň 1-nji, 2-nji böleklerine we 208-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, zat eýesiniň kanunda ýa-da şertnamada bellenilen çäklendirmeleriň çäginde emläge (zada), eger şeýdilende goňşularyň ýa-da beýleki üçünji şahslaryň hukuklary bozulmaýan bolsa, ýa-da bu hereket hukugy hyýanatly peýdalanmagy aňlatmaýan bolsa, onda erkin eýelik edip we peýdalanyp bilýändigini hem-de beýleki şahslaryň bu emläge eýelik etmegine, ygtyýar etmegine ýol bermän bilýändigine, şol zady bikanun eýelik edilmeginden we päsgelçilikleri düzetmegi talap etmäge haklydygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli. Eger jedelli araçägiň kesgitlenilmegi bellenilen faktlara garşy gelýän bolsa, mellek ýerini eýeçilige bermek barada karar kabul eden etrap (şäher) häkimligine ýüz tutulmalydyr we gozgalan meseläniň çözgüdi boýunça çykarylan çözgüdiň üstünden kazyýete şikaýat edilip bilner.

11. “Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 42^{1}-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, ýer böleginiň eýesiniň, ýer bölegine bolan degişli hukugy ýer bölegine eýeçilik hukugyny berýän Döwletnamasy esasynda döwlet tarapyndan bellige alynmaga degişlidigine kazyýetler üns bermelidirler.

12. “Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 2016-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan güýje girmegi bilen baglanyşykly, şol Kanunyň güýje girmezinden öň ýüze çykan, ýer bölegine bolan hukuk döwlet tarapyndan bellige alnanda, arza beriji tarapyndan degişli resminamalaryň berilmeginiň mümkinçiligi bolmadyk halatynda, şol resminamalar bolmazdan, häkimiň ýer böleklerini eýeçilige bermek hakyndaky karary, şeýle hem ýer böleginiň bölünip berlendigi barada maglumatlary saklaýan we bu ýer bölegine bolan hukuga güwä geçýän Türkmenistanyň degişli hukuk ýüze çykan pursadynda hereket edýän kanunçylygyna laýyklykda berlen degişli resminamalar esasynda ýer bölegine bolan hukugyň döwlet tarapyndan bellige alynýandygyny kazyýetlere düşündirmeli.

Eger ýaşaýyş jaýyna bolan hususy eýeçilik ozalky kanun esasynda, Geňeşlikleriň ýüplük (hojalyk) kitabynda bellik etmek arkaly ýüze çykan bolsa, Türkmenistanyň RK-nyň 4-nji maddasynyň 1-nji bölegindäki raýat kanunlarynyň namalarynyň geçen wagt üçin güýjüniň ýokdugy barada görkezilenlere esaslananyňda, ýaşaýyş jaýyna bolan eýeçilik hukugy, üýtgewsizdir. Şonda ýaşaýyş jaýyna bolan hususy eýeçilik, “Ýer hakynda” Türkmenistanyň bitewi Kanuny esasynda mellek ýerine bolan hususy eýeçiligiň döremegi barada görkezilenlere laýyklykda, onuň ýerleşen mellek ýerine hem degişli edýär we oňa bolan hususy eýeçiligi ýüze çykarýar. Şoňa görä-de, agzalan Kanun kabul edilmezinden öň ýüze çykan hukuk gatnaşyklary boýunça jedellere kazyýetde ozalky hukuk ýagdaýy boýunça seredilmegine täsir etmeýändigini kazyýetler ünsden düşürmeli däldirler.

“Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň kabul edilmegi we 2016-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan güýje girmegi bilen mellek ýerine we onuň üstünde gurlan ýaşaýyş jaýyna bolan hususy eýeçilik täzeden resmileşdirilmäge degişlidir we şondan soňky dörän jedellere kazyýet tertibinde seredilýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

13. 2026-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan herekete girizilen Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 4-nji maddasynyň 1-nji böleginiň, raýat kanunçylygynyň namalarynyň yzyna täsir ediş güýjüniň ýokdugy we olaryň herekete girizilenden soň ýüze çykýan gatnaşyklar babatda ulanylýandygy baradaky talaplaryndan ugur alnyp, Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň (1963-nji ýylyň neşiri) 561-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, kolhozçy hojalygynyň ýa-da oba hojalygynda indiwidual zähmet bilen meşgullanýan raýatlaryň hojalygynyň agzasy ölen mahalynda, şol hojalyklarda emlägi (şol sanda eýeçilige berlen ýer bölegini), hususy ýaşaýyş jaýyň miras almak-bermek işiniň geçirilmeýändigine, ýagny miras beriji agzalan Kodeksiň hereket edýän wagtynda ölen bolsa, miras almak-bermek işi geçirilmän, öleniň hojalyk başy bolan maşgala agzasynyň adyna geçirilmäge degişlidigine, soňky ýüze çykan gatnaşyklar barada bolsa, degişlilikde 1999-njy ýylyň 1-nji martyndan 2026-njy ýylyň 1-nji ýanwaryna çenli hereket eden, şeýle-de, 2026-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan herekete girizilen Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň kadalarynyň ulanylýandygyna kazyýetler üns bermelidirler.

14. “Döwlet ýaşaýyş jaý gaznasynyň ýaşaýyş jaýlarynyň hususylaşdyrylmagy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 16-njy maddasynyň 1-nji böleginiň 2-nji tesimine laýyklykda, ýaşaýyş jaýy hususylaşdyrylanda bu ýaşaýyş jaýynyň ýerleşýän ýer bölegi bilen bagly ýer gatnaşyklary babatdaky hukuklar we borçlar “Ýer hakynda” Türkmenistanyň bitewi Kanunyna we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda hususylaşdyrmagyň subýektleriniň hemişelik peýdalanmagyna geçýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

Şonuň üçin şu düzgünleriň ulanylmagy bilen baglanyşykly jedeller çözülende, ýaşaýyş jaýyny hususylaşdyrmak, şol jaý bilen eýelenen we ulanmak üçin zerur bolan ýer böleklerini bir wagtyň özünde hususylaşdyrmak bilen amala aşyrylýandygyndan ugur alynmalydyr.

15. Türkmenistanyň Ýaşaýyş jaý kodeksiniň 33-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, hususy ýaşaýyş jaýyny, şeýle hem gurluşygy gurlup tamamlanmadyk ýaşaýyş jaýyny satmak, sowgat etmek, onuň miras boýunça geçmegi onuň öňki eýesiniň bu ýaşaýyş jaýyna eýelik eden ygtyýarlyklarynyň möçberinde onuň täze eýesine degişli ýer bölegine bolan hukugynyň geçmegine getirýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

Şeýle hem, mellek ýeri satmak, çalyşmak, sowgat etmek we girewe goýmak hukugyny bermezden berilýän hem bolsa, onuň üstünde gurlan ýaşaýyş jaý barada şeýle çäklendirme görkezilen däldir. Mellek ýerinde gurlan jaý miras hukugy boýunça mirasdarlaryň eýeçiligine geçende we raýat-hukuk gatnaşyklary esasynda başganyň eýeçiligine geçip bilýändigine, şonda onuň hukuk ýagdaýynyň üýtgewsiz galýandygyna we “Ýer hakynda” Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 25-nji

maddasynyň 1-nji böleginde görkezilen şahslara berilýändigi üçin, mellek ýerini hususy eýeçiligine alan adamyň ony Türkmenistanyň hukuk namalarynda bellenilen tertipde şahsy kömekçi hojalygy alyp barmak, ýaşaýyş jaýyny we hojalyk desgalaryny gurmak üçin peýdalanmalydygyny kazyýetlere düşündirmeli.

16. Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 20-nji maddasyna laýyklykda, raýat hukuklaryna we borçlaryna eýe bolmak ukyby (raýat hukuk ukyby) fiziki şahslaryň hemmesi üçin deň derejede ykrar edilýändigi sebäpli raýatlaryň hemmesi ýer-hukuk gatnaşyklarynyň subýektleri hökmünde çykyş edip bilýärler. Olaryň ýer gatnaşyklary bilen baglanyşykly kämillik ukyby 18 ýaşynyň dolmagy bilen ýüze çykýar (agzalan Kodeksiň 23-nji maddasynyň 1-nji bölegi). Şoňa görä-de, kämillik ýaşyna ýetmedikleriň hukuklary olaryň kanuny wekilleri tarapyndan goralýar, 18 ýaşa ýetmän, şeýle hem kämillik ýaşyna ýetip, maşgala guran Türkmenistanyň raýatlary bolsa, ýeri eýeçilige, peýdalanmaga, kärendesine almak bilen, ony şahsy kömekçi hojalygy alyp barmak, özbaşdak ýaşaýyş jaýyny gurmak, daýhan hojalygyny alyp barmak we beýleki maksatlar üçin peýdalanyp bilýärler.

17. Ýere eýeçilik hukugy subýektiw manysynda ýere eýelik etmek, peýdalanmak we ygtyýar etmek hukuklarynyň jemidir. Türkmenistanyň raýatlaryna hususy eýeçiligindäki ýer bölekleri babatda käbir geleşikleri amala aşyrmak (satyn almak-satmak, peşgeş bermek, çalyşmak, girewe goýmak) gadagandyr. Ýere eýeçilik hukugynyň çäklendirilmegi onuň tebigatda çäkliligi, hojalyk we beýleki işde başga obýektler bilen çalşyrylyp bilinmeýändigi bilen düşündirilýär.

Şu bendiň birinji tesiminde beýan edilenler Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň gurluşyk etmek hukugy bilen baglanyşykly kadalaryna degişli däldir.

18. Ýaşaýyş jaýyna hususy eýeçilik hukugyny we onuň bilen bagly geleşikleri döwlet belligine almak olar barada maglumatlary Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde tassyklanylan Jemagat sanawyna girizmek arkaly geçirilýändigini hem-de degişli resminamanyň berilmegi ýa-da döwlet belligine aldyrmak üçin berlen resminamada degişli ýazgynyň edilmegi bilen tassyklanylýandygyny nazara alyp, ýaşaýyş jaýyna hususy eýeçilik hukugyny we onuň bilen bagly geleşikleri hakyky däl diýip bilmek baradaky jedellere seredenlerinde, bellige almagy hakyky däl diýip bilmek bilen bir hatarda, zerur bolan halatlarynda geleşik bilen bagly çykdajylary degişlilikde gaýtaryp bermek baradaky meseläniň hem çözülmäge degişlidigini kazyýetlere düşündirmeli.

19. “Ýer hakynda” Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 24-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, Türkmenistanyň raýatlaryna ýere hususy eýeçilik hukugy şol bitewi Kanun we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalar esasynda eýeçilik hukugynyň miraslyk tertibinde geçmegini hem göz öňünde tutýar. Şol bitewi Kanunyň 54-nji maddasynda bolsa, ýer böleginde ýerleşen gozgalmaýan emläge bolan hukuk miraslyk tertibinde geçende, gozgalmaýan emläk bilen beýleki raýat-hukuk geleşikleri amala aşyrylanda, şeýle hem ýer böleklerinde eýeçilik, ýerden peýdalanmak hukugy miraslyk tertibinde geçende ýer gatnaşyklary babatdaky hukuklar we borçlar, agzalan bitewi Kanuna we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda degişli hukuklaryň geçýän şahsyna geçýändigi barada görkezilýär. Şonda miras hukugy boýunça mellek ýeri we onda

gurlan ýaşaýyş jaýy başga bir adama geçen halatynda ol boýunça ýer eýesiniň kanunda görkezilen hukuklardan peýdalanýandygyny we borçlary çekýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

20. "Ýer hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 53^1-nji maddasynyň 1-nji böleginde, eýeçilikde bolan gurluşyk edilen ýer böleginde birnäçe eýeleriň eýeçiliginde bir we birden köp obýekt ýerleşen ýagdaýynda, bu ýer bölegi umumy eýeçilikde bolup durýar diýip hasap edilýändigi barada görkezilýär. Mellek ýerinde ýerleşen ýaşaýyş jaýy hem birnäçe mirasdarlar tarapyndan alnanda bir obýekt birnäçe adamyň eýeçiliginde bolýar we jaýa hem ýere bolan umumy eýeçilik ýüze çykar. Eger umumy eýeçilik ýatyrylyp, ýaşaýyş jaýy paýlara bölünen bolsa, şol paýa laýyklykda ýer hem bölünmäge degişlidir. Her bir ýagdaýda hem jaýyň we ýeriň täze eýeleriniň hukuklary babatda kanunda bellenilen tertipde hukuga güwä geçýän resminamalar berilmelidir.

Şoňa görä-de, umumy eýeçilikde durýan ýer bölegine bu ýer bölegine eýeçilik hukugyny berýän Döwletnamasy ýer bölegine hukugy bolan degişli taraplaryň her biriniň görkezilen paýy boýunça olaryň hersine aýratynlykda resmileşdirilmelidir. Umumy eýeçilikde durýan ýer böleginiň bölünmegi hem-de täze eýesiniň adyna berkidilmegi häkimiň degişli karary esasynda resmileşdirilýär. Umumy eýeçilikde durýan ýer böleginiň bölünmegi esasynda täze emele gelen ýer bölekleriniň hersine aýratyn täze kadastr belgi berilýär hem-de bu ýer böleklerine hukugy kepillendirýän resminamalar aýratynlykda resmileşdirilýär. Şunuň bilen baglylykda, taraplaryň kazyýete ýüz tutmak arkaly miras alnan we umumy eýeçiliklerinde duran ýaşaýyş jaý boýunça umumy eýeçiligi ýatyryp, her biriniň paýyny kesgitlemelidiklerine kazylaryň ünsüni çekmeli.

Mirasdarlaryň miras jaýyna bolan paýlary notarial tertipde kesgitlenenden soň, etrap (şäher) häkimi̇niň karary bilen her mirasdaryň ýerlerine eýeçilik hukugy kesgitlenilmelidir.

21. Birugsat gurlan jaýa we kömekçi gurluşyklara hem-de bellenen tertipde berlen ýer böleginde gurlan we bellenen tertipde ulanyşa kabul edilmedik, jemagat reýestrinde hasaba alynmadyk jaýlarda bellenen tertipde ýazgyda durup ýa-da ýazgyda durman ýaşaýan raýatlaryň eýeçilik hukugyny ykrar etmek, paýlamak, şeýle hem şonuň ýaly gurluşyklary ýykyp aýyrmak hakyndaky jedeller kazyýetler tarapyndan seredilmäge degişli däldir.

Geňeşlikleriň ýüplük (hojalyk) kitabynda hasaba alnan jaýlarda ýaşaýan raýatlaryň arasynda ýaşaýyş jaý baradaky ýüze çykýan, ýaşaýyş jaýyndan peýdalanmak hukugyny ykrar etmek, jaýa eýeçilik edýäniň hak isleýiş arzasy boýunça ýaşaýyş jaýyndan peýdalanmak hukugyny ýitiren diýip ykrar etmek, jaýdan çykarmak, jaýdan peýdalanmagyň tertibini kesgitlemek, jaýa girizmek baradaky jedelleriň kazyýetlerde seredilmäge degişlidigini, şeýle işlere seredilende Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumynyň "Ýaşaýyş öýüne raýatlaryň eýeçilik hukugy bilen baglanyşykly jedelleri çözmek boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda" 2 belgili kararynyň 4-nji bendinde berlen ugrukdyryjy düşündirişlerden ugur alynmalydygyny kazyýetlere düşündirmeli.

22. Ýer böleklerine hususy eýeçilik hukugynyň bes edilmeginiň esaslary "Ýer hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 30-njy maddasynda, şahsy adamlara

berlen ýer böleklerini döwlet we jemgyýetçilik hajatlary üçin yzyna almagyň tertibi şol Kanunyň 52-nji maddasynyň 3-nji böleginde, ýerden peýdalanmak kadalarynyň yzygiderli bozulandygy üçin ýer eýeleriniň ýer böleklériniň yzyna almagyň tertibi agzalan Kanunyň 119-njy maddasynyň 1-nji böleginde kesgitlenendir.

"Ýer hakynda" Türkmenistanyň bitewi kanunynyň 30-njy maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, kömekçi hojalygyny ýöretmek we ýaşaýyş jaýyny gurmak maksady bilen hususy eýeçilige berlen mellek ýerleri öz maksatly niýetlenilişinden başga maksat üçin peýdalanylanda ýa-da 5 ýylyň dowamynda ýaşaýyş jaýyny gurmak üçin peýdalanylmadyk bolsa, mellek ýerine bolan eýeçilik hukugynyň bes edilýändigi hem-de ol barada etrap (şäher) häkimiň karar çykarýandygy barada görkezilenlere esaslananyňda, mellek ýeri başga maksatlar üçin ulanylan, ýagny başga adama ýaşaýyş jaýyny gurmak üçün ýa-da ýaşamaga berilmegi bilen baglanyşykly birugsat gurlan ýaşaýyş jaýyna we kömekçi gurluşyklara eýeçilik hukugyny ykrar etmek, paýlamak, şeýle hem şonuň ýaly bikanun gurluşyklary ýykyp aýyrmak hakyndaky jedelleriň kazyýetler tarapyndan seredilmäge degişli däldigini we ýere bolan eýeçilik hukugy barada ýol berlen bikanun hereketleriň degişlilikde etrap (şäher) häkimiň karary esasynda çözülýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

Şunda, kadadan çykma hökmünde Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 250-nji maddasynyň talaplaryna laýyklykda, adama bölünip berlen mellek ýerinden we ýer böleginden başga adam tarapyndan ýaşaýyş jaýy gurlup ýaşalmagy we eýelik edilmegi bilen baglanyşykly jedeller ýüze çykanda, şol maddada göz öňünde tutulan gurluşyk etmek hukugy baradaky talaplardan ugur alyp, mellek ýeriniň we ýer böleginiň eýesi bolmadyk şahsa kesekiniň mellek ýerinden gurluşyk etmek hukugynyň berilýändigi bilen bagly, ýerine ýetirilen gurluşyk mellik ýeriniň we ýer böleginiň eýesiniň däl-de, gurluşyk etmek hukugynyň bir bölegi hökmünde gurluşyk etmek hukugynyň eýesiniň eýeçiligine öwrülýändigi sebäpli, eýelik edýän tarapyndan mellek ýerindäki we ýer bölegindäki gurlan gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugyny ykrar etmek bilen aýrybaşgalamaga, şeýle hem miras emläk hökmünde resmileşdirmäge hukuklydygyna, şeýle ýagdaýlarda gurluşyk etmek hukugy bilen eýeçiligi ykrar etmek baradaky kazyýetiň çözgüdi, degişli ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynda degişli mellek ýerinde we ýer böleginde agzalan hukuk esasynda gurlan ýaşaýyş jaýyna eýeçilik hukugyny resmileşdirmek üçin esas bolup duryandygyna hem kazyýetler üns bermelidirler.

Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 250-nji maddasynda göz öňünde tutulan, gurluşyk etmek hukugy bilen bagly jedelleriň diňe, jedeli edilýän gurluşyk (ýaşaýyş jaýy, öý) mellek ýer eýesiniň adyna kanunalaýyk resmileşdirilip, ulanyşa kabul edilen ýagdaýynda seredilmäge degişlidigini kazyýetler nazara almalydyrlar.

"Bikanun gurluşyk" diýlende, mellek ýerlerini ulanmak şertleriniň bozulyp, gurluşyk işleriniň kanunda bellenilen tertipde rugsat almazdan we resmileşdirmezden geçirilmegine düşünilýär.

Şeýle hem, ýer bölegine raýatlaryň hususy eýeçilik hukugyny bes etmek ýa-da bikanun gurluşyklary ýykyp aýyrmak hakyndaky meseläniň häkimlikler tarapyndan degişli çözgütleri kabul etmek arkaly çözülýändigini we ýerine

ýetirilýändigini hem-de ol çözgütlere gyzyklanýan şahslaryň kazyýete şikaýat bildirmek hukugynyň bardygyny nazara alyp, olaryň bu mesele boýunça getiren şikaýatlarynyň (arzalarynyň) administratiw iş ýöredişi önümçiligi tertibinde seredilmäge degişlidigine kazyýetler üns bermelidirler.

Haçanda işe seretmegiň dowamynda kazyýet hak isleýiş arzasy esasly diýip netijä gelse, onda Türkmenistanyň Administratiw iş ýöredişi kodeksiniň VII babynda göz öňünde tutulyşy ýaly, administratiw namany bikanun diýip bilmek hakynda çözgüt kabul edýär, şunda kazyýet administratiw edarany kazyýetiň çözgüdini nazara almak bilen täze çözgüdi kabul etmäge hem borçly edip biler.

23. "Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasynyň 5-nji bendine laýyklykda, ýer bölekleri gozgalmaýan emläklere degişlidir. Şunuň bilen baglylykda, ýer böleklerine bolan hukuklar baradaky ýüze çykýan jedeller boýunça hak islegleri olaryň ýerleşýän ýeri boýunça kazyýete berilmäge degişlidir.

24. Türkmenistanyň Raýat iş ýöredişi kodeksiniň 166-njy maddasyna laýyklykda, agzalan görnüşli işler kazyýet seljerişine taýýarlananda kazy, eger-de garşydaş tarapyň jedelleşýän ýa-da faktlaryň subut edilmeginiň zerurlygy ýüze çykan halatynda, zerur subutnamalary, ýagny ýer bölegini bermek hakyndaky kararyň, jaýyň ulanylmaga kabul edilendigi hakyndaky delilnamanyň, jaýyň kime degişlidigi hakynda tükelleýiş edarasynyň, degişli ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň güwänamasynyň, satyn almak-satmak, sowgat bermek şertnamasynyň, jaýyň we berlen ýer böleginiň çyzgysynyň we ş.m., şeýle-de, jedeliň haýsy hukuk gatnaşyklaryndan ýüze çykandygyny we iş çözülende haýsy hukuk kadalarynyň ulanylmaga degişlidigini, taraplaryň arasyndaky özara gatnaşyklaryň häsiýetini, jedelli hukuk gatnaşyklarynyň ýüze çykmagynyň sebäplerini we wagtyny, şeýle hem taraplaryň jedeli edilýän ýer bölegine bolan hukugyny kesgitleýän we oňa degişli beýleki resminamalarynyň bardygyny - ýokdugyny anyklamalydyr, şonuň bilen baglanyşykly, "Ýer hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 16-njy maddasynyň 1-nji böleginiň "a" bendine, 18-nji we 23-nji maddalarynyň 1-nji we 2-nji tesimlerine laýyklykda, Türkmenistanyň raýatlaryna oba ýerlerinde şahsy kömekçi hojalygy alyp barmak üçin mellek ýer böleginiň, şäherlerde we şäherçelerde özbaşdak ýaşaýyş jaýyny gurmak üçin ýer böleginiň degişli häkimiň karary esasynda hususy eýeçilige berlip bilinýändigini, bellenilen tertipde ýörite berlen ýer böleginde gurlan we ulanylmaga kabul edilen ýaşaýyş jaýyna eýeçilik hukugynyň şol öýüň ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynda bellenilen tertipde ulanyşa kabul edilip, döwlet belligine alnan pursatyndan ýüze çykýandygyny nazara alyp, şeýle resminamalaryň bardygy-ýokdugy barlanylmalydyr.

25. Kazyýetler mellek ýeri we ýer bölekleri bilen baglanyşykly jedellere örän ünsli seretmelidirler, her bir işiň kanuny çözgüdini tapmagy başarmalydyrlar we jedeliň ýüze çykmagyna getiren sebäpleri anyklamalydyrlar hem-de ýüze çykarylan ýol berlen kanunylygyň bozulmalary barada olaryň gaýtalanmazlygy üçin, Türkmenistanyň Raýat iş ýöredişi kodeksiniň 266-njy maddasyna laýyklykda, habar

hatlaryny ibermek bilen degişli guramalaryň ýa-da wezipeli adamlaryň ünsleri çekilmelidir.

26. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň raýat we administratiw işleri boýunça kazyýet kollegiýalary, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri degişli kazyýetler tarapyndan agzalan görnüşli işleriň öz wagtynda we dogry seredilmegini üpjün etmelidirler hem-de işler boýunça kazyýet iş tejribesini yzygiderli umumylaşdyryp, ýüze çykarylan kemçilikleri aradan aýyrmak maksady bilen degişli çäreleri görmelidirler we aşakdaky kazyýetlere zerur bolan amaly kömekleri bermelidirler.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy B.Hojamgulyýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy G.Ýegenmämmedowa

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ
PLENUMYNYŇ
K A R A R Y № 2

2024-nji ýylyň 17-nji fewraly Aşgabat şäheri

Güýçli täsir edýän ýa-da awuly maddalaryň bikanun dolanyşygy baradaky işler boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda

(25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň karary esasynda girizilen üýtgetme bilen)

Güýçli täsir edýän ýa-da awuly maddalaryň bikanun dolanyşygy bilen baglanyşykly bikanun hereketler adamlaryň jan saglygyna, raýatlaryň, jemgyýetiň we döwletiň bähbitlerine düýpli zyýan ýetirýär, şahsyýetiň ruhy taýdan pese düşmegine getirýär.

Kazyýetleriň iş tejribesinde käbir işler boýunça güýçli täsir edýän ýa-da awuly maddalaryň alynýan çeşmesiniň üstüni açmak, jenaýata gatnaşyjylaryň, aýratyn hem olary satýanlaryň ählisini ýüze çykarmak barada çäreleri görmek üçin derňew edaralaryna kazyýetler tarapyndan degişli talaplar bildirilmeýär, bu ýagdaý işiň hakyky ýagdaýynyň doly anyklanmazlygyna, üsti açylmadyk jenaýatçylykly hereketleriň dowam etmegine, munuň özi bolsa, käbir halatlarda jenaýatyň edilmegine ýardam berýän şertleriň we onuň sebäpleriniň takyk anyklanman galmagyna getirýär.

Kähalatlarda kazyýetler tarapyndan düzüminde güýçli täsir edýän derman serişdeleri bilen baglylykda ejir çekýänlere lukmançylyk häsiýetli mejbury bejeriş çäreleri bellenende ýalňyşlyklar goýberilýär.

Bellenilip geçilen we şeýle çygyrlardaky jenaýat işler boýunça kemçilikleri aradan aýyrmak, şeýle hem kazyýetler tarapyndan kanunçylygyň birmeňzeş ulanylmagyny üpjün etmek maksady bilen, “Kazyýet hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Plenum,

KARAR EDÝÄR:

1. Güýçli täsir edýän ýa-da awuly maddalaryň ýaýradylmagynyň jemgyýetçilik howplulygynyň ýokarydygyny nazara alyp, şeýle görnüşli işler boýunça adyl kazyýetligi amala aşyrmaklygyň hilini we netijeliligini gowulandyrmagyň zerurdygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

2. Kazyýetler derňew edaralary tarapyndan jenaýata gatnaşyjylaryň ählisini, esasan hem olaryň guramaçysyny ýüze çykarmak, güýçli täsir edýän we awuly maddalaryň getirilýän ýollaryny anyklamak boýunça ähli zerur çäreleriň görülendigini barlamalydyrlar.

3. Güýçli täsir edýän ýa-da awuly maddalaryň görnüşini, atlaryny kesgitlemek üçin ýörite bilimiň zerurdygyny nazara alyp, kazyýetler şu görnüşdäki işlere seredenlerinde, bilermenler seljermesiniň netijeleriniň bolmagyny gazanmalydyrlar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2014-nji ýylyň 26-njy martyndaky Karary bilen tassyklanan, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, dolanyşygy çäklendirilen we käbir gözegçilik çärelerini aýyrmaga ygtyýar berilýän (derman serişdeleri hökmünde ulanylýan) neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalarynyň, prekursorlaryň Sanawynda görkezilen görnüşlerden ugur alynmalydyr.

Eger-de bilermenler seljermesiniň netijesinde güýçli täsir edýän ýa-da awuly maddalaryň görnüşleri anyk görkezilmedik halatynda adamyň jenaýat jogapkärçiligine çekilip bilinmeýändigini, bu ýagdaýlaryň günäkäriň hereketlerine hukuk taýdan dogry baha berilmäge täsiriniň bardygyny düşündirmeli.

Oculi Tropicamide guttae-Tropikamid göz damjalary, Oculi Cyclopentolate guttae-Siklopentolat göz damjalary, Pregabalin, Zopiklon, Tapentadol düzüminde güýçli täsir edýän derman serişdeleri boýunça jenaýat jogapkärçiliginiň 2023-nji ýylyň 10-njy ýanwaryndan soň ýüze çykýandygyny kazyýetlere düşündirmeli.

4. Güýçli täsir edýän ýa-da awuly maddalar bilen bagly işlere seredilende, günäkäriň niýetiniň nämä gönükdirilendigini anyklamak zerur bolup duryýandygyny, bu ýagdaýlaryň onuň hereketlerine hukuk taýdan dogry baha berilmäge täsiriniň bardygyny kazyýetlere düşündirmeli. Çünki, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 336-njy maddasynyň degişli bölekleri bilen günäkär güýçli täsir edýän ýa-da awuly maddalaryň diňe satmak maksady bilen taýýarlanylmagy, gaýtadan işlenilmegi, edinilmegi, saklanylmagy, daşalmagy ýa-da iberilmegi üçin jenaýat jogapkärçiligine çekilip bilner. Şeýle ýagdaýlarda bu maddalaryň günäkärden tapylyp alnan mukdarynyň we möçberiniň Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 336-njy maddasy bilen onuň jenaýat jogapkärçiligine çekilmegine täsiriniň ýokdugyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

5. Güýçli täsir edýän ýa-da awuly maddalary bikanun satmak diýip, ony amala aşyrmagyň ähli görnüşi-satmak, sowgat bermek, alyş-çalyşda ulanmak, berginiň hasabyna bermek, karzyna bermek, dürli usullar bilen haýsydyr bir adama bikanun bermek we ş.m. hasap edilýär.

6. Güýçli täsir edýän ýa-da awuly maddalary bikanun satmak üçin belli bir möçberde pullary we beýleki gymmatlyklary almak hökman däldir. Olar günäkär tarapyndan muzdsuz berlen ýagdaýynda hem bikanun satmagyň alamatyny döredip biler.

7. Güýçli täsir edýän ýa-da awuly maddalaryň poçta, goşlaryň arasy ýa-da öz ýany bilen, başga biriniň ýa-da haýwanlaryň üsti bilen, şonuň ýaly-da dürli ýerlerde ulag, tehniki serişdeleri, gurallary, enjamlary ulanmak arkaly ýa-da başga usullar bilen gizlinlikde amala aşyrylan hereketler olaryň daşalmagyny ýa-da iberilmegini aňladýandygyny kazyýetlere düşündirmeli.

8. Güýçli täsir edýän ýa-da awuly maddalar Türkmenistanyň çäginden bikanun çykarylan ýa-da Türkmenistanyň çägine bikanun getirilen ýagdaýynda günäkäriň hereketleri jenaýatlaryň jemi boýunça, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 276-njy maddasynyň degişli bölekleri we 336-njy maddasynyň degişli bölekleri bilen maddalaşdyrylmaga degişlidir. Şeýle ýagdaýlarda günäkäriň niýetiniň, ýagny güýçli täsir edýän ýa-da awuly maddalary satmak ýa-da satmazlyk üçin kontrabanda ýoly bilen geçirendigi bu maddalara täsiriniň ýokdugyny düşündirmeli.

9. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 276-njy maddasynyň belliginiň 3-nji

bölegine laýyklykda, eger raýatyň ýarawsyzlygy sebäpli, oňa lukmanyň ýörite haty (resept) we goýlan kesel kesgidi esasynda, ýarawsyzyň özi, onuň ýakyn hossarlary ýa-da başga bir adam tarapyndan zerur mätäçligi üçin, syrkawyň ýaşaýyş ukyplylygyny saklamak maksady bilen daşary ýurtdan, düzüminde güýçli täsir edýän jisimleri saklaýan derman serişdeleri deklarasiýa edilip, Türkmenistanyň gümrük serhedinden resmi ýagdaýda getiren halatynda ol jenaýat jogapkärçiligine çekilmäge degişli däldir. Emma düzüminde güýçli täsir edýän jisimleri saklaýan derman serişdeler Türkmenistanyň çäginde satylan ýagdaýynda günäkär Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 336-njy maddasy bilen jenaýat jogapkärçiligine çekilip bilner.

10. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 336-njy maddasynda göz öňünde tutulan hereketleri öň amala aşyran adamyň hereketleri Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 336-njy maddasynyň 2-nji böleginiň “a” bendi bilen jenaýaty gaýtadan eden hökmünde maddalaşdyrylmaga degişlidigini kazyýetlere düşündirmeli.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 336-njy maddasy bilen öňki edilen jenaýaty üçin adam jenaýat jogapkärçiliginden ýa-da jezadan boşadylan bolsa, kanunda bellenen tertipde onuň iş kesilenlik aýby aýrylan ýa-da öz-özünden aýrylan ýa-da günäni yglan edýän hökümi ýerine ýetirmegiň möhleti geçen bolsa, jenaýaty gaýtadan edenligi barada maddalaşdyryş alamaty bolup bilmez. Şoňa görä-de, bu ýagdaýlar derňew edaralary we kazyýetler tarapyndan takyk barlanyp, ýeterlikli subutnamalar bilen aýdyňlaşdyrylmalydyr.

Güýçli täsir edýän ýa-da awuly maddalary satmak maksady bilen bikanun taýýarlanylanda, gaýtadan işlenilende, edinilende, saklanylanda, daşalanda, iberilende, şonuň ýaly-da satylanda, her edilen hereket jenaýatyň aýry-aýry maddalaşdyryş alamatlaryny özünde jemleýän hem bolsa, jenaýaty gaýtadan eden diýip bolmaýandygyny, şeýle ýagdaýlarda günäkäriň ähli hereketleriniň bir maksada gönükdirilýändigini düşündirmeli.

Haçan-da satmak maksady bilen bir gezekde edinilen düzüminde güýçli täsir edýän derman serişdeleriň ýa-da awuly maddalaryň böleklere bölünip, birnäçe gezekde satylmagy jenaýatyň gaýtadan edilen diýip, hasap edilmegine esas bolup bilmeýändigini düşündirmeli.

11. Eger-de, günäkär birnäçe jenaýatçylykly hereketleri amala aşyrandygy üçin Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 336-njy maddasynyň 2-nji böleginiň “a” bendi boýunça, jenaýaty gaýtadan eden hökmünde jogapkärçilige çekilen halatynda onuň hereketleriniň şu maddanyň 1-nji bölegi bilen goşmaça maddalaşdyrylmagy talap edilmeýär.

12. Güýçli täsir edýän ýa-da awuly maddalaryň dolanyşygy bilen bagly jenaýat işlerinde deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan amala aşyrylan diýip, jenaýaty bilelikde etmek barada iki we şondan köp adamyň öňünden dilleşip, oňa gatnaşmaklaryna düşünilýär.

Edilmeli işleriň bilelikde öňünden taýýarlyk görülmegi, zerur serişdeleriň we enjamlaryň toplanylmagy, jenaýaty etmek baradaky teklip bilen ylalaşylyp, her kimiň etmeli işleriniň kesgitlenilmegi, gizlinligiň saklanylmagyny üpjün edýän çäreleriň görülmegi, jenaýatyň bilelikde edilmegini aňladýar.

Bir ýa-da birnäçe jenaýaty etmeklige niýetlenen hereketler topardaky adamlaryň her biriniň hereketleri deslapky derňew edaralary we kazyýetler tarapyndan hemmetaraplaýyn doly we dogry anyklanmaga degişlidir.

Şol topara deslapdan dilleşmek boýunça iki we şondan-da köp adam gatnaşmak bilen, oňa jenaýaty ýerine ýetiriji bilen bir hatarda, jenaýaty etmekligi guran ýa-da onuň ýerine ýetirilmegine ýolbaşçylyk eden, ýagny guramaçy, şonuň ýaly-da maslahatlary, görkezmeleri, habarlary bilen, jenaýat etmegiň gurallaryny ýa-da serişdelerini bermek ýa-da päsgelçilikleri aradan aýyrmak bilen jenaýatyň edilmegine ýardam eden hem giryýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

13. Günäkärleriň biri ýa-da birnäçesi güýçli täsir edýän ýa-da awuly maddalary edinmek barada deslapdan dilleşen halatlarynda, özlerine bagly bolmadyk ýagdaýlarda beýleki günäkärleriň birine ýa-da birnäçesine olaryň gowşurylmadyk ýagdaýynda, ähli günäkärleriň deslapdan dilleşendiklerini nazara alyp, ýokarda görkezilen serişdeleri günäkärleriň biri alyp ýetişse, jenaýata gatnaşyjylaryň ählisiniň hereketleri gutarylan jenaýat hökmünde maddalaşdyrylmaga degişlidir.

14. Güýçli täsir edýän ýa-da awuly maddalaryň saklanylyp başlanan pursatyndan, jenaýatyň üsti açylýança, onuň näçe wagt saklanandygynyň jenaýat jogapkärçiligi üçin täsiriniň ýokdugyny, olaryň saklanmagynyň dowam edilýändigini, bu ýagdaýlaryň Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 73-nji maddasynda görkezilen wagt möhletiniň dolmagy sebäpli, jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmaga esas bolup bilmeýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

15. Jenaýat jogapkärçiligine çekmek üçin ýaşy ýetmedik ýa-da akyly düzüw däl adam tarapyndan şu görnüşli jenaýat işler kämillik ýaşyna ýeten beýleki jenaýata gatnaşanlar bilen bir hatarda amala aşyrylanda, olaryň jenaýat jogapkärçiliginden boşadylandygyna garamazdan, kämillik ýaşyna ýeten beýleki jenaýata gatnaşanlaryň hereketleri deslapdan dilleşmek baradaky maddalaşdyryş alamaty bilen maddalaşdyrylmaga, şeýle hem kämillik ýaşyna ýetmedigi jenaýata çekendigi üçin goşmaça Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 153-nji maddasynyň degişli bölekleri bilen maddalaşdyrylmaga degişlidir.

16. Güýçli täsir edýän ýa-da awuly maddalar bilen bagly jenaýat işleri boýunça görnetin bikanun ýol bilen edinilen pul serişdeleri ýa-da başga emläk bilen maliýe amallarynyň edilendigi ýa-da beýleki geleşikleriň baglaşylandygy, görkezilen pul serişdeleriniň ýa-da emlägiň telekeçilik ýa-da başga ykdysady işi amala aşyrmak üçin peýdalanylan-dygy, şeýle hem olara eýelik edilmegini, peýdalanylmagyny we ygtyýar edilmegini kanuny görnüşe getirmek maksady bilen, şol pul serişdeleriniň, ýa-da emlägiň bikanun gelip çykyşynyň gizlenilendigi ýa-da ýaşyrylandygy ýa-da şol hereketlerden peýda ýa-da beýleki bähbitleriň alnandygy üçin günäkär jenaýatlaryň jemi boýunça, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 336-njy maddasynyň degişli böleklerinden başga-da, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 263-nji maddasynyň degişli bölekleri bilen jogapkärçilige çekilmäge degişlidir.

17. Güýçli täsir edýän ýa-da awuly maddalar bikanun taýýarlanylanda, edinilende, saklananda, daşalanda, iberilende serişdeler (gurallar) ulanylan halatynda bu barada hökümiň beýan ediş-delillendiriş böleginde kazyýetde işi seredilýäniň hereketleri suratlandyrylanda görkezilmegiň hökmanydygyny, Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 130-njy maddasynyň 3-nji böleginiň 1-nji bendine

laýyklykda, şol zatlaryň gymmatyna garalyp, ýok edilýändigini ýa-da muzdsuz alynýandygyny, bu ýagdaýlaryň bolsa, hökümiň beýan ediş-delillendiriş böleginde delillendirilmäge we hökümiň karara gelinýän böleginde anyk çözülmäge degişlidigini kazyýetlere düşündirmeli.

18. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 94-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, arakhorlukdan, neşekeşlikden ýa-da toksikomaniýadan we beýleki psihoaktiw maddalara baglylykdan ejir çekýän, jenaýaty eden adamlar babatda olary bejermek we jezanyň maksadyna ýetilmegi üçin ýardam edýän şertleri döretmek maksady bilen, kazyýet tarapyndan jeza bilen bir hatarda lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreler bellenilip bilinýändiginden ugur alnyp, güýçli täsir edýän ýa-da awuly maddalara baglylykdan ejir çekýänler babatda hem lukmançylyk häsiýetli mejbury bejeriş çäresini ulanyp bolýandygyny kazyýetlere düşündirmeli.

Güýçli täsir edýän ýa-da awuly maddalar bilen bagly jenaýatlar bilkastlaýyn edilen jenaýatlaryň hataryna girip, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 336-njy maddasynda göz öňünde tutulan jenaýatlaryň subýekti 16 ýaşyny dolduran, akyly düzüw adam bolmalydyr.

19. Şeýle görnüşli jenaýatlaryň howplulyk derejesini nazara alyp, kazyýetler güýçli täsir edýän ýa-da awuly maddalar bilen bagly jenaýaty amala aşyran adamlara jeza bellände günäkärleriň her birine aýratynlykda çemeleşmegi üpjün etmelidirler.

20. Güýçli täsir edýän ýa-da awuly maddalar bilen bagly jenaýatlaryň öňüni almaklygyň ýurdumyzda hukuk tertibini berkitmek boýunça möhüm wezipeleriň biri bolup duryandygyny nazara alyp, şeýle görnüşli işler boýunça geçirilýän kazyýet seljerişleriniň medeniýetini ýokarlandyrmaklygy, işiň ähli ýagdaýlaryny hemmetaraplaýyn, doly we dogry barlamaklygy, şeýle jenaýatyň edilmegine sebäp bolýan we ýardam berýän şertleri anyklap, olary aradan aýyrmaklyk üçin çäreleri görmekligi üpjün edip, olar barasynda hususy kesgitnamalar (kararlar) çykarmak barada kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

21. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň, welaýat kazyýetleriniň, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleriniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýalary kazyýetleriň güýçli täsir edýän ýa-da awuly maddalar bilen baglanyşykly jenaýatlar barasyndaky işleriniň dogry we kanunalaýyk çözülişine berk kazyýet gözegçiligini amala aşyrmalydyrlar, bu babatda kazyýet iş tejribesini yzygiderli umumylaşdyryp, ýüze çykarylan kemçiliklere hukuk taýdan degişli baha berip, olary kanunda bellenen tertipde düzetmek boýunça öz wagtynda kanuny çäreleri görmelidirler.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy B.Hojamgulyýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy G.Ýegenmämmedowa

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ K A R A R Y № 5

2024-nji ýylyň 19-njy oktýabry Aşgabat şäheri

Kesekiniň emläginiň ogurlanmagy baradaky işler boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda

(19.07.2025 ý. № 4; 25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Jenaýat kanunçylygynyň kämilleşmegi hem-de kesekiniň emläginiň ogurlanmagy baradaky işlere seredilende kazyýet iş tejribesinde ýüze çykýan meseleler boýunça ugrukdyryjy düşündirişleri bermek zerurlygynyň ýüze çykmagy bilen baglylykda, "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Plenum

K A R A R E D Ý Ä R :

1. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň maddalarynda ogurlyk diýlip, kesekiniň emläginiň bikanun betnebislik maksatlary bilen mugt alynmagyna ýa-da günäkäriň we başga adamlaryň peýdasyna geçirilip, şol emlägiň eýesine ýa-da şol emläge eýelik edýän başga adama zyýan ýetirilýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

Ogurlygyň närsesi diýlip, jenaýatçylykly ýol bilen eýelik edilen (eýelenen) emläge, şol sanda nagt we nagt däl pul serişdelerine, gymmatly kagyzlara, şeýle hem emläge bolan ýa-da emläge degişli başga hili hereketleri etmeklige aýdylýar.

Şeýle görnüşli her bir iş boýunça günäkäriň hereketlerine hukuk taýdan dogry baha bermek, başga biriniň emlägini ogurlamak (gizlinlik bilen), kezzapçylyk, talaňçylyk, garakçylyk ýa-da gorkuzyp almak bilen, şeýle hem ynanylan emlägi eýelemek ýa-da harç etmek arkaly ogurlamak baradaky jenaýatlary biri-birinden tapawutlandyrmakda ýalňyşlyga ýol berilmeginiň öňüni almak, şeýle hem kanunda göz öňünde tutulan jogapkärçiligi agyrlaşdyrýan ýagdaýlara baha bermek maksady bilen, işde bar bolan subutnamalary hemmetaraplaýyn barlamaklygyň zerurdygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

2. Kesekiniň emläginiň ogurlanmagy, eger ol jebir çekeniň ýa-da başga adamlaryň ýoklugynda, bar bolaýanda-da, olara bildirilmän amala aşyrylsa, onda ol ogurlyk (gizlin) diýip hasap edilýär.

Eger jebir çeken ýa-da başga adamlar ogurlyk edilýändigini gören hem bolsa, ýöne günäkär töweregindäki ýagdaýlardan ugur alyp, gizlin hereket edýän diýip hasap eden bolsa, şonuň ýaly etmişli hereketler hem ogurlyk (gizlin) hökmünde maddalaşdyrylmaga degişlidir.

Ilkibaşda ogurlyk (gizlin) hökmünde başlanan, ýöne özüniň ogurlyk edýändigi jebir çekene ýa-da başga adamlara äşgär bolandygyny bilendigine garamazdan, günäkär tarapyndan emläge eýelik etmek ýa-da ony elde saklamak

maksady bilen dowam etdirilen hereketler talaňçylyk hökmünde, adamyň jany ýa-da saglygy üçin howply bolan zorluk ulanylanda ýa-da şeýle zorlugy ulanmak howpy salnanda bolsa, garakçylyk hökmünde maddalaşdyrylmalydyr.

Eger zorlukly hereketler, günäkär tarapyndan gizlin ogurlygyň dowamynda, günäkäriň özüniň tutulyp saklanmazlyk maksady bilen amala aşyrylan bolsa, onda olar talaňçylyk ýa-da garakçylyk hasap edilip bilinmez, bu hereketler häsiýetlerine we getiren netijelerine baglylykda Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň (mundan beýläk -Türkmenistanyň JK-nyň) degişli maddalary boýunça özbaşdak maddalaşdyrylmalydyr. Şunda günäkäriň emläge eýelik etmek mümkinçiliginiň (emlägi taşlamagy we ş.m) aradan aýrylandygyna üns berilmelidir.

Ogurlyk (gizlin), talaňçylyk we kezzapçylyk, ynanylan emlägiň eýelenmegi ýa-da harç edilmegi, eger emläk alnan bolsa we günäkäriň ony öz islegine görä peýdalanmaga ýa-da oňa ygtyýar etmäge hakykatda mümkinçiligi bar bolsa, kezzapçylykda - başga biriniň emlägine bolan hukugyny almak görnüşinde amala aşyrylan bolsa, günäkäriň kesekiniň emlägine eýelik etmek ýa-da oňa ygtyýar etmek üçin mümkinçilik dörän pursadyndan (hususan-da, kanuna laýyklykda döwlet belligine alynmaga degişli bolan, gozgalmaýan emläk ýa-da beýleki emläk hukuklary bellenilen tertipde hasaba alynmagy, şertnamanyň baglaşylmagy, günäkäriň ýa-da başga şahslaryň emläge eýelik etmek, ulanmak ýa-da ygtyýar etmek üçin esaslaryň barlygy degişlilikde, ýalňyşlyga duçar edilen ygtyýarly edara ýa-da şahs tarapyndan kabul edilen hukuk belleýji çözgüdiň güýje girmegi bilen) gutarylan jenaýat diýip hasap edilýär, garakçylyk günäkäre degişli emlägi ogurlamagyň başardandygyna ýa-da başartmandygyna garamazdan, adamyň jany ýa-da saglygy üçin howply zorlugy ulanyp ýa-da şeýle zorlugy ulanmak howpuny salyp, kesekiniň emlägine eýelik etmek maksady bilen çozuş edilen pursadyndan başlap, gorkuzyp almak bolsa jebir çekene ýa-da onuň ýakyn adamlaryna zyýan ýetirmek howpy astynda emlägiň berilmeginiň talap edilen pursadyndan başlap, gutarylan jenaýat diýip hasap edilýär.

Eýeçiligiň islendik görnüşindäki guramalardan, tehniki ulaglaryň ýag ýa-da ýangyç serişdelerini almaga hukuk berýän talonlaryň bikanun ýol bilen mugt alynmagy we öz eýeçiligine ýa-da başga adamlaryň eýeçiligine geçirilmegi kesekiniň emläginiň gutarylan ogurlygy hökmünde maddalaşdyrylmalydyr.

3. Ogurlyk (gizlin), kezzapçylyk, ynanylan emlägiň eýelenmegi ýa-da harç edilmegi bilen baglanyşykly bikanun hereketler betnebislik niýeti bilen däl-de, soňra eýesine gaýtaryp bermek maksady bilen wagtlaýyn ulanmak üçin ýa-da bu emläge bolan çak edilýän hukugy bilen baglanyşykly eýeçilik edilen halatynda günäkäriň hereketleri eýeçilige garşy jenaýatlaryň düzümini emele getirmeýär. Işiň anyk ýagdaýyna baglylykda günäkäriň şeýle hereketleri, eger onda jenaýatyň düzümini döredýän başga degişli alamatlar ýok bolsa, diňe administratiw hukuk bozulmasy hökmünde garalyp bilner.

4. Günäkäriň Türkmenistanyň JK-nyň 247-nji, 249-njy we 250-nji maddalary bilen jenaýat jogapkärçiligine çekilmegi üçin, onuň jebir çekene ýetiren zyýanynyň ep-esli möçberde bolmagy hökmanydyr. Ep-esli möçberde ýetirilen zyýan diýlip, jebir çekeniň maddy hal-ýagdaýyna, onuň ogurlanan emlägine mätäçligine laýyklykda kesgitlenýär we bellenilen bäş binýatlyk mukdaryndan az we binýatlyk

mukdarynyň iki ýüz ellisinden köp bolup bilmez, şunda kazyýetler Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 251-nji (talaňçylyk), 252-nji (garakçylyk) we 253-nji (gorkuzyp almak) maddalarynda görkezilen jenaýatlar boýunça jogapkärçilik üçin ýetirilen zyýanyň möçberiniň täsiriniň ýokdugyna üns bermelidirler. Eger-de soňky görkezilen jenaýatlar boýunça jebir çekene ep-esli möçberde zyýan ýetirilen halatynda, onda günäkäriň degişlilikde Türkmenistanyň JK-nyň 251-nji we 252-nji maddalarynyň 2-nji böleginiň "e" bendi bilen jenaýat jogapkärçilige çekilmäge degişlidigini kazyýetlere düşündirmeli.

Jebir çekeniň maddy hal-ýagdaýy diýlende, jebir çekeniň girdejisi, ýaşaýyş-durmuş ýagdaýy we beýlekiler göz öňünde tutulmalydyr.

Jebir çekeniň emläge mätäçligi diýlende, agzalan emlägiň jebir çekene durmuşda şol emlägiň zerurlygyndan we gaýry ýagdaýlardan ugur alynmalydyr.

Ogurlyk, kezzapçylyk we ynanylan emlägiň eýelenmegi ýa-da harç edilmegi jenaýatlary boýunça jebir çekene ep-esli möçberde zyýan ýetirilendigi kesgitlenende, jebir çekeniň maddy hal-ýagdaýyna, onuň ogurlanan emlägine mätäçligine laýyklykda kesgitlenýändigi sebäpli, jenaýatçylykly etmiş netijesinde ýetirilen zyýanyň takyklanan möçberiniň jebir çekeniň emläk-maddy ýagdaýynyň näderejede ýaramazlaşmagyna getirendiginden ugur alynmalydygyny kazyýetlere düşündirmeli.

Şonuň bilen birlikde, degişli şahsyň hereketlerinde görkezilen jenaýatlar boýunça etmişiň düzümi formal taýdan bar hem bolsa, jebir çekeniň maddy hal-ýagdaýyndan we mätäçliginden ugur alnanda, ýetirilen zyýanyň möçberi onuň üçin ujypsyz bolup durýan bolsa, jenaýat eden şahsyň jenaýat jogapkärçiliginden boşadylyp bilinjekdigine kazyýetler üns bermelidirler. Şunda ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunandygyna we jebir çekeniň arza-şikaýatynyň ýokdugyna etmişiň jemgyýetçilik howplulygynyň aradan aýrylandygyny, jebir çekeniň girdejisiniň has ýokary bolmagyna (mysal üçin, salgyt edarasynyň telekeçiniň ýyllyk girdejisi barada beren maglumaty) ýetirilen zyýanyň ujypsyzdygyny tassyklaýan ýagdaýlar hökmünde baha berlip bilner. Şular ýaly ýagdaýda, jenaýatçylykly etmişiň ähli ýagdaýlary (şol sanda jogapkärçiligi agyrlaşdyrýan ýagdaýlaryň barlygy, kämillik ýaşyna ýetmedigi jenaýata çekmek bilen edilenligi we ş.m.) düýpli öwrenilmelidir we baha berilmelidir.

Haçan-da ogurlyk netijesinde birnäçe şahslara zyýan ýetirilen bolsa, onda kazyýet her bir jebir çekene ýetirilen zyýanyň möçberini anyk kesgitlemelidir we günäkäriň hereketleri netijesinde ep-esli möçberde zyýanyň ýetirilendigi baradaky meseläni çözende, jebir çekenlere ýetirilen zyýanyň umumy möçberinden däl-de, olaryň her birine ýetirilen zyýanyň möçberinden ugur alynmalydyr.

Günäkäriň hereketleri maddalaşdyrylanda, ogurlanan emlägiň möçberi onuň jenaýaty amala aşyran pursatyndaky döwlet bölek-satuw (satyn alyş) bahasy boýunça, eger ogurlanan emlägi jebir çekeniň arzanladylan, bazar ýa-da täjirçilik bahasy boýunça edinendigi anyklansa, onda şu bahalar boýunça alnan gymmatyndan ugur alnyp kesgitlenilýär.

Bahanyň ýok wagty ogurlanan emlägiň gymmaty bilermenler seljermesiniň netijesiniň esasynda anyklanyp bilner.

Ýetirilen zyýanyň günäkärden töletdirilip alynmaga degişli möçberi kesgitlenende, emlägiň kazyýet kararynyň çykarylan günündäki gymmatyndan ugur alynmalydygy göz öňünde tutulmalydyr.

Jenaýat işleri boýunça günäkäriň hereketleri maddalaşdyrylanda, ogurlanan emlägiň bahasy boýunça ýetirilen zyýanyň möçberi kesgitlenende 2010-njy ýylyň 11-nji maýyndaky "Türkmenistanda binýatlyk mukdarlary bellemek hakynda" Türkmenistanyň Prezidentiniň Permanyna laýyklykda, 300 (üç ýüz) manatdan ugur alynmaga degişlidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Eger-de kazyýetiň hökümi bilen iş kesileniň emlägi, şeýle hem kanunda gadagan edilen usul bilen edinilen emlägi muzdsuz alynmaly edilip, şol bir wagtyň özünde iş kesilenden jebir çekene ýetirilen zyýany töledip alynmaly edilen halatynda, kazyýet bu barada gelen netijesini höküminiň beýan ediş-delillendiriş böleginde delillendirmelidir. Kazyýet höküminiň karara gelinýän böleginde bolsa muzdsuz alynmaly edilen emlägi ýetirilen zyýanyň öwezini doldurmaklyga gönükdirilýändigini, ýetirilen zyýanyň möçberinden artyk böleginiň bolsa döwletiň haýryna alynmalydygyny görkezmelidir.

Şunda, "Ýerine ýetiriş önümçiligi we kazyýet ýerine ýetirijileriň hukuk ýagdaýy hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 71-nji maddasyna laýyklykda, emlägi muzdsuz almak barada kazyýetiň hökümi ýerine ýetirilende, bergidaryň emlägini ýerlemek, iş kesileniň emlägini deslapky derňew edaralarynyň ýa-da kazyýetiň gozgamasyz etmeginden öň ýüze çykan we bergidara bildirilen ähli talaplar kanagatlandyrylandan soň amala aşyrylýandygy baradaky talaplaryndan ugur alynmalydygyny kazyýetlere düşündirmeli.

5. Ogurlygyň, eýelemekliginiň, harç etmekliginiň ýa-da kezzapçylyk arkaly kesekiniň emläginiň ogurlanmagy netijesinde ýetirilen zyýanyň möçberiniň binýatlyk mukdarynyň bäş essesinden geçmedik halatynda ýa-da şoňa deň bolsa, ol hereketleriň emlägiň az möçberde ogurlanmagy hasap edilýändigini, şeýle ýagdaýlarda bu etmiş administratiw temmi çäresi ulanylmaga degişli hukuk bozulma hasaplanyp, özi barada önümçilik alnyp barylýan Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksiniň 92-nji maddasy esasynda jogapkärçilik çekýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

Eger-de günäkär emlägi az möçberde ogurlandygy üçin administratiw temmisi ulanylandan soň bir ýylyň dowamynda gaýtadan emlägi az möçberde ogurlasa, onda ol Türkmenistanyň JK-nyň 248-nji maddasy boýunça jogapkärçilik çekýär.

Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksiniň 57-nji maddasyna laýyklykda, administratiw temmi berilmegine sezewar edilen şahs, bellenilen temmi çäresiniň ýerine ýetirilmeginiň tamamlanan gününden soňra, bir ýylyň dowamynda administratiw hukuk bozulmasyny täzeden etmedik bolsa, ol şahs administratiw jogapkärçiligine çekilmedik hasap edilýär, şoňa görä-de emlägiň az möçberde gaýtadan ogurlanmagy ýokarda görkezilen möhletiň geçmegi bilen, Türkmenistanyň JK-nyň 248-nji maddasynda göz öňünde tutulan jenaýatyň alamatlaryny emele getirmeýär.

Bu ýagdaý kämillik ýaşyna ýetmedikler barada ulanylanda, möhletleriň 6 aýa çenli azaldylýandygyna üns berilmelidir. Ýagny, administratiw temmisi berilmegine sezewar edilen on alty ýaşdan on sekiz ýaşa çenli bolan kämillik ýaşyna ýetmedik

adam bolsa, administratiw temminiň ýerine ýetirilen gününden soň, alty aýyň dowamynda administratiw hukuk bozulmany täzeden etmedik bolsa, ol administratiw jogapkärçilige çekilmedik hasap edilýär.

Şoňa görä-de, deslapky derňew edaralary tarapyndan şu görnüşli işler derňelende, şeýle hem kazyýet tarapyndan işlere seredilende Türkmenistanyň JK-nyň 248-nji maddasy bilen jogapkärçilige çekilmeli şahsyň öňki administratiw tertipde sezewar edilen temmisiniň ýerine ýetirilmeginiň haçan tamamlanandygy we onuň administratiw hukuk bozulmany eden wagty haýsy ýaşda bolandygy anyklanmalydyr.

Kazyýet tarapyndan şeýle görnüşli jenaýat işlerine seredilende günäkäriň administratiw jogapkärçilige çekilişiniň kanunylygy barlanylyp, iş boýunça toplanan subutnamalara dogry baha berlip, netijä gelinmelidir.

Eger-de, kazyýet seljerişinde adamyň bikanun administratiw jogapkärçilige çekilendigi anyklanan ýagdaýynda, bikanun çykarylan administratiw hukuk bozulma barada kazyýet kararyny sökmek barada mesele çözülýänçä kazyýet seljerişi gaýra goýlup, administratiw hukuk bozulma baradaky iş boýunça karar sökülen halatynda kazyýet tarapyndan aklaw hökümi çykarylmalydyr.

Kazyýet tarapyndan aýyplaw hökümi kabul edilenden soň, muňa esas bolan administratiw hukuk bozulma barada kazyýet karary ýatyrylyp, administratiw hukuk bozulma baradaky işi önümçilikden bes edilen halatynda, agzalan höküm hem bellenen tertipde sökülip, jenaýat işiniň önümçilikden ýatyrylmaga degişli bolýandygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Ogurlyk jenaýaty üçin ozal iş kesilip, iş kesilenlik aýby aýrylmadyk adam tarapyndan emlägiň az möçberde ogurlanmagy Türkmenistanyň JK-nyň 248-nji maddasynda göz öňünde tutulan jenaýat alamatlaryny emele getirmeýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

6. Türkmenistanyň JK-nyň mazmunynda göz öňünde tutulan “maglumat tehnologiýalaryny ulanmak” maddalaşdyryjy alamaty kanunçylyga täze girizildi. Şonuň bilen baglylykda, maglumat tehnologiýalary ulanmak diýlip, kesekiniň nagt däl we elektron pul serişdelerine bikanun eýelik edilmegine, parollaryň üsti açylyp, bank kartlarynyň belgileriniň we beýleki bank maglumatlarynyň ogurlanmagyna, hukuga garşy maglumatlaryň (töhmet, pornografik häsiýetli materiallary, milli hem-de dini duşmançylygy öjükdirýän materiallary we ş.m.) internet arkaly ýaýradylmagyna düşünilýär.

Şeýle hem jenaýatyň maglumat tehnologiýalary ulanmak arkaly edilmegi boýunça günäkäriň hereketleri maddalaşdyrylanda “Maglumat we ony goramak hakynda” Türkmenistanyň Kanunynda görkezilenlerden ugur alynmalydyr.

Sanly maglumat-tehnologiýalar ulgamyny peýdalanmak bilen bagly, amala aşyrylan islendik bikanun hereketler (kompýuterleriň, bankomatlaryň, terminallaryň, öýjükli telefonlaryň, töleg kartlarynyň koduny bilip ýa-da bilmezden, hakerlik arkaly ulgama girmek, tölegleri nagt ýa-da nagt däl görnüşde amala aşyrmak) ogurlyk hasap edilýändigini we günäkäriň bu hereketleriniň Türkmenistanyň JK-nyň eýeçilige garşy jenaýatlaryň ediliş usulyna baglylykda “maglumat tehnologiýalaryny ulanmak bilen” maddalaşdyryjy alamatlar bilen maddalaşdyrylmaga degişlidigini kazyýetlere düşündirmeli. Şunda günäkäriň

hereketleri Türkmenistanyň JK-nyň 373-nji (maglumatlara, maglumat ulgamyna ýa-da tehnologiýalaryna bikanun aralaşylmagy) we 377-nji (maglumaty bikanun eýelemek) maddalary bilen goşmaça maddalaşdyrylmagy talap edilmeýär. Çünki, Türkmenistanyň JK-nyň 17-nji maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda, eger jenaýat umumy we ýörite kadada göz öňünde tutulan bolsa, jenaýatlaryň umumy jemi bolmaýar we jogapkärçilik ýörite kada boýunça düşýär.

Muňa Türkmenistanyň JK-nyň 377-nji maddasynyň degişli böleginde göz öňünde tutulan jezanyň agyrlyk derejesini nazara almaly halatlary girmeýär.

7. Türkmenistanyň JK-nyň 247-254-nji maddalarynda göz öňünde tutulan gaýtadan edilen jenaýat diýip, şu maddalarda göz öňünde tutulan maddalardan (maddalarynyň böleginden) birini ýa-da birnäçesini ozal eden adam tarapyndan edilen jenaýat hasap edilýär, şeýle hem şol Kodeksiň 320-nji (radioaktiw ýa-da ýadro materiallarynyň ogurlanylmagy ýa-da gorkuzyp alynmagy), 326-njy (ýaragyň, ok-därileriň, partlaýjy maddalaryň ýa-da partlaýjy enjamlaryň ogurlanmagy ýa-da gorkuzyp alynmagy), 329-njy (neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalarynyň ýa-da olaryň prekursorlarynyň ogurlanmagy ýa-da gorkuzyp alynmagy) maddalaryndaky jenaýatlardan birini ozal eden adam tarapyndan edilen jenaýat hasap edilýär.

Şunda Türkmenistanyň JK-nyň 16-njy maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, eger öňki edilen jenaýatlar üçin olary eden adam jenaýat jogapkärçiliginden ýa-da jezasyndan boşadylsa ýa-da şol jenaýatlar üçin iş kesilenlik aýby kanunda bellenilen tertipde öz-özünden aýrylsa ýa-da aýrylsa, jenaýatyň gaýtalanan diýip hasap edilmeýändigini kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

Eger-de, eýeçilik bilen bagly jenaýatlar dürli wagtlarda amala aşyrylyp, birnäçe jebir çekenlere aýratynlykda ep-esli, uly we aýratyn uly möçberde zyýan ýetirilen halatynda, günäkäriň hereketleri jebir çekenleriň her birine ýetirilen zyýanyň möçberi boýunça aýratynlykda maddalaşdyrylmalydygyny kazyýetlere düşündirmeli.

Mysal: Günäkär kezzapçylyk edip, bir jebir çekene ep-esli, başga birine uly, ýene-de birine aýratyn uly möçberde zyýan ýetiren halatynda onuň hereketleri Türkmenistanyň JK-nyň 249-njy maddasynyň degişlilikde 1-nji bölegi, 3-nji böleginiň “a” bendi, 4-nji bölegi bilen maddalaşdyrylmaga degişlidir.

8. Eger Türkmenistanyň JK-nyň 247-nji, 249-253-nji maddalary boýunça dowam edýän jenaýat edilip, jenaýatlaryň biri boýunça edilen etmişde maddanyň birnäçe böleginiň ýa-da bendiniň alamaty bar bolsa, günäkäriň hereketleri jenaýat kanunynyň has berk jezany göz öňünde tutýan bölegi ýa-da bendi bilen maddalaşdyrylmalydygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

9. Kazyýetler günäkäriň hereketlerinde ýaşaýyş jaýyna, ýaşaýyş üçin niýetlenmedik jaýa ýa-da zat saklanylýan jaýa girilip ogurlyk etmek alamatynyň bardygy-ýokdugy baradaky meseläni çözenlerinde, aşakdakylary göz öňünde tutmalydyrlar:

girmek–bu ýaşaýyş jaýyna, ýaşaýyş üçin niýetlenmedik jaýa ýa-da zat saklanylýan jaýa gizlin ogurlyk, talaňçylyk ýa-da garakçylyk etmek maksady bilen girilmegidir.

Şonuň üçin kazyýetiň ýaşaýyş jaýynyň, ýaşaýyş üçin niýetlenmedik jaýyň ýa-da zat saklanylýan jaýyň içine günäkäriň nähili maksat bilen girendigini we onda emlägi eýelemek maksadynyň haçan dörändigini aýdyňlaşdyrmagy zerurdyr. Eger günäkär ýaşaýyş jaýyna, ýaşaýyş üçin niýetlenmedik jaýa ýa-da zat saklanylýan jaýa girende, ilkibaşda ogurlyk etmek niýeti bolmazdan giren bolsa, ýöne soňra kesekiniň emlägini eýelän bolsa, onda onuň hereketlerinde şu görkezilen alamat ýokdur. Girmek päsgelçilikleriň üstünden geçilip (ýapyk gapylardan, penjirelerden we ş.m.) ýa-da günäkäriň ýaşaýyş jaýynyň, ýaşaýyş üçin niýetlenmedik jaýyň ýa-da zat saklanylýan jaýyň içine girmezden hem olaryň içinden emlägi daşyna çykarmaga mümkinçilik berýän hereketleriniň netijesinde-de amala aşyrylyp bilner (meselem, gaňyrçaklaryň, şlangalaryň, magnitleriň kömegi bilen ýa-da jaýa, ýaşaýyş jaýyna berkidilen, bir bölegi içinde bolup, bir bölegi daşyna çykyp duran kondisioneri ogurlamak maksady bilen sogrup almak we ş.m.).

Ýaşaýyş jaýy-bu adamlaryň hemişelik ýa-da wagtlaýyn ýaşamaklary üçin niýetlenen jaýdyr (hususy jaý, öý, myhmanhanadaky, umumy ýaşaýyş jaýyndaky otaglar, ýazlag jaýy, wagtlaýyn ýaşamak üçin uýgunlaşdyrylan wagon we ş.m.), şeýle hem onuň dynç almak, emläk saklamak ýa-da adamyň ýaşamagy bilen bagly durmuş we beýleki hajatlaryny kanagatlandyrmak üçin peýdalanylýan düzüm bölegidir (şol jaýa degişli bolan balkon, eýwan, kiçi ammar we ş.m.).

Ýaşaýyş üçin niýetlenmedik jaý-bu umuman, adamlary we maddy gymmatlyklary ýerleşdirmek üçin niýetlenilen binadyr, desgadyr (howly, ammar, seh, dükan, restoran, ofis we ş.m.). Şeýle bina hemişelik, wagtlaýyn, ýatymlaýyn, göçme hem bolup biler, ýöne günäkäriň girmegi üçin bütinleýin ýa-da belli wagtlarda (gijesine, işlenilmeýän mahalynda we ş.m.) ýapyk bolmalydyr.

Zat saklanylýan jaý-tehniki serişdeler arkaly ýa-da başga gorag bilen üpjün edilen (duýduryş enjamlary, gözenek, haýat**)** ýa-da garawul goragy bilen üpjün edilen, maddy gymmatlyklary hemişelik ýa-da wagtlaýyn saklamak üçin bölünip aýrylan (kärhanalaryň, guramalaryň, hojalyklaryň howlulary, harman ýerleri, mal agyly, daşyna germew aýlanan meýdan) ýerlerdir. Muňa ýörite abzallaşdyrylan ýa-da uýgunlaşdyrylan ýerlerden başga-da, göçme awtodükanlar, refrižeratorlar, konteýnerler, deňiz, derýa, howa gämileri girmelidirler.

Demir ýol platformalaryndan ýa-da ýarym wagonlardan edilen ogurlyk, haçan-da bu obýektler gorag astynda mahaly amala aşyrylan bolsa, zat saklanylýan jaýa girilip edilen ogurlyk diýip hasap edilmelidir. Şol bir wagtyň özünde-de maddy gymmatlyklary saklamak üçin däl-de, başga nähilidir bir önüm ýetişdirmek üçin niýetlenilen ýer parçasy (suw ýüzündäki gurnama – balyk iýmitlendirilýän howuz, baglar, ir-iýmiş, gök we bakja önümleri ýetişdirilýän mellek we başga ýerler, mal bakylýan öri meýdanlary we ş.m.) “zat saklanylýan jaý” diýip hasap edilmeýär.

10. Adamlaryň topary tarapyndan ýaşaýyş jaýyna, ýaşaýyş üçin niýetlenmedik jaýa ýa-da zat saklanylýan jaýa girip amala aşyrylan gizlin ogurlyk, talaňçylyk ýa-da garakçylyk maddalaşdyrylanda, jaýyň içine girmedik, ýöne kimiň näme etmelidigi baradaky dilleşige laýyklykda, jenaýat etmek bilen bagly islendik hereketleri amala aşyran (gapyny, gulpy, penjire gözenegini döwmäge gatnaşan ýa-da ogurlyk edilýän döwründe başga bir adamyň ýaşaýyş jaýynyň, ýaşaýyş üçin niýetlenmedik jaýyň ýa-da zat saklanylýan jaýyň içine girmegi bilen ýa-da şol

ýerden emlägiň alynmagy bilen baglanyşykly beýleki hereketleri ýerine ýetiren) adamyň hereketleri Türkmenistanyň JK-nyň 30-njy maddasy boýunça goşmaça maddalaşdyrylmagyny talap etmeýän jenaýaty bilelikde ýerine ýetirijidigi göz öňünde tutulmalydyr.

Eger ýaşaýyş jaýyna, ýaşaýyş üçin niýetlenmedik jaýa ýa-da zat saklanylýan jaýa girip gizlin ogurlyk, talaňçylyk ýa-da garakçylyk edilmegine şol ýerlere girmäge ýa-da emlägi almaga gös-göni kömek bermek bilen baglanyşyksyz, şärikler görnüşinde meçew bermek, ýaran görnüşinde ýardam berlen bolsa (maslahatlar, görkezmeler bermek, ogurlanan närsäni edinmegi ýa-da ýerleşdirmegi wada bermek, jenaýat etmegiň gurallaryny bermek we ş.m.), onda şeýle hereketler Türkmenistanyň JK-nyň 30-njy maddasy we jenaýat kanunynyň şu görkezilen jenaýatlar üçin jogapkärçiligi göz öňünde tutýan degişli maddalary boýunça maddalaşdyrylmalydyr.

Ogurlyk edilmegi üçin bar bolan päsgelçiligi aýran gorag işgäri kesekiniň emlägini ogurlamaga şäriklik eden hökmünde jogapkärçilik çekýär.

11. Günäkäriň hereketleri adamlaryň topary, guramaçylykly topar ýa-da jenaýatçylykly bileleşik alamatlary boýunça maddalaşdyrylanda, kazyýetler Türkmenistanyň JK-nyň 31-nji maddasynyň düzgünlerine gollanmalydyrlar.

Adamlaryň topary tarapyndan deslapdan dilleşmek boýunça amala aşyrylan ogurlyga (gizlin), talaňçylyga, garakçylyga, kezzapçylyga, gorkuzyp almaklyga, eýelemeklige ýa-da harç etmeklige gatnaşyjynyň hereketleri jenaýata gatnaşyjylaryň beýlekileriniň kanun tarapyndan göz öňünde tutulan esaslarda jenaýat jogapkärçiligine çekilmändiklerine garamazdan, akyly düzüw dälligi bilen baglanyşykly jenaýat jogapkärçiliginden boşadylanlardan başga ýagdaýlarda, Türkmenistanyň JK-nyň edilen jenaýata degişlilikde 247-nji, 249-njy, 251-nji, 252-nji, 253-nji maddalary we 250-nji maddasynyň 2-nji böleginiň “a” bendi boýunça maddalaşdyrylmaga degişlidir.

Günäkär, ýaşy boýunça jenaýat jogapkärçiligine düşmeýän adam bilen bile Türkmenistanyň JK-nyň 247-nji, 249-253-nji maddalarynda göz öňünde tutulan jenaýatlaryň birini ýa-da birnäçesini eden halatynda, ýaşy dolmadyk jenaýatyň subýekti bolup bilmeýändigi sebäpli, jenaýat jogapkärçiliginden boşadylýar. Şoňa görä-de kämillik ýaşyna ýeten beýleki jenaýata gatnaşyjynyň hereketleri deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan edilen jenaýat hökmünde maddalaşdyrylyp bilinmez. Şeýle ýagdaýda günäkäriň kämillik ýaşyna ýetmedigi jenaýat etmäge çekendigi sebäpli, onuň hereketleri goşmaça Türkmenistanyň JK-nyň 153-nji maddasynyň degişli bölegi bilen maddalaşdyrylmaga degişlidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

12. Eger-de adam ýaşy, akyly ýerinde dälligi ýa-da başga ýagdaýlar sebäpli jenaýat jogapkärçiligine degişli bolmadyk beýleki adamlary peýdalanmak arkaly ogurlyk (gizlin), kezzapçylyk, eýelemeklik ýa-da harç etmeklik, talaňçylyk, garakçylyk, gorkuzyp almaklyk jenaýatlaryny amala aşyran bolsa, onuň hereketleri (beýleki jogapkärçiligi agyrlaşdyrýan ýagdaýlar ýok bolsa) Türkmenistanyň JK-nyň 247-nji, 249-253-nji maddalarynyň birinji böleklerine laýyklykda, jenaýaty gönüden-göni ýerine ýetiriji hökmünde maddalaşdyrylmalydyr (Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 30-njy maddasynyň 2-nji bölegi).

Kanunda iki ýa-da şondan-da köp adam tarapyndan deslapdan dilleşmezden ogurlygyň (gizlin), kezzapçylygyň, eýelemekligiň ýa-da harç etmekligiň, talaňçylygyň, garakçylygyň, gorkuzyp almaklygyň maddalaşdyryjy alamaty göz öňünde tutulmandygy sebäpli, niýeti bir maksada eýermedik şeýle ýagdaýda jenaýat edenleriň hereketleri (Türkmenistanyň JK-nyň degişli maddalarynda görkezilen beýleki maddalaşdyryş alamatlary ýok bolsa) Türkmenistanyň JK-nyň 247-nji, 249-253-nji maddalarynyň birinji böleklerine laýyklykda maddalaşdyrylmalydyr. Kazyýet höküm çykaranda, Türkmenistanyň JK-nyň 57-nji maddasynyň 1-nji böleginiň "ç" bendine salgylanyp, deslapdan dilleşmezden jenaýatyň edilmegini jogapkärçiligi agyrlaşdyrýan ýagdaý diýip ykrar edip biler.

13. Kazyýetler, ogurlyga (gizlin), kezzapçylyga, eýelemeklige ýa-da harç etmeklige, talaňçylyga, garakçylyga, gorkuzyp almaklyga gatnaşyjy iki ýa-da şondan-da köp adamyň deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan ýa-da guramaçylykly topar tarapyndan amala aşyrylan hereketlerine hukuk taýdan baha berlende, deslapdan dilleşikde bolmadyk adamyň, beýleki adamlar tarapyndan amala aşyrylan jenaýata gatnaşan halatynda, beýle adamyň diňe özi tarapyndan edilen anyk hereketleri üçin jenaýat jogapkärçiligine çekilmelidigini ünsden düşürmeli däldirler.

Haçan-da, günäkär jenaýat etmeklige öňünden deslapdan dilleşmän, ýokarda agzalyp geçilen jenaýatlaryň edilmeginiň dowamynda ýüze çykan niýetine laýyklykda, jenaýat etmeklige goşulyşyp, jenaýata beýleki gatnaşyjylar bilen bilelikde ylalaşykly hereket edip, jebir çekeniň emläginiň eýelenmegine gönüden-göni gatnaşan bolsa, onda onuň hereketleriniň topar tarapyndan edilen jenaýat hökmünde maddalaşdyrylmaga degişlidigini kazyýetlere düşündirmeli.

14. Eger niýeti, ýarag ýa-da ýarag hökmünde başga zatlary ulanmaklygy gurşap alýan günäkärler, deslapdan dilleşmek boýunça garakçylykly çozuşy amala aşyrsalar, jenaýata bile gatnaşyjylaryň ýarag ýa-da ýarag hökmünde başga zady ulanmadyklaryň hereketleri hem Türkmenistanyň JK-nyň 252-nji maddasynyň 2-nji böleginiň "ç" bendi boýunça maddalaşdyrylmalydyr.

15. Eger deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan garakçylykly çozuşy amala aşyran günäkärleriň niýetleri, jebir çekeniň saglygyna agyr zyýan ýetirmekligi hem gurşap alýan bolsa, ýöne olaryň diňe biri tarapyndan jebir çekeniň saglygyna agyr zyýan ýetirilen bolsa, jenaýata bile gatnaşyjylaryň ählisiniň hereketleri, Türkmenistanyň JK-nyň 252-nji maddasynyň 4-nji böleginiň "ç" bendi boýunça, jebir çekeniň saglygyna agyr zyýan ýetirmek bilen edilen garakçylygy ýerine ýetiriji hökmünde maddalaşdyrylmalydyr.

16. Haçan-da adamlaryň topary tarapyndan kesekiniň emlägini ogurlamak (gizlin) barada deslapdan dilleşilip, emma bilelikde ýerine ýetirijilerden biri beýleki şärikleriň niýetini gurşap almaýan talaňçylykly ýa-da garakçylykly çozuş edip, kadadan çyksa, onuň bu hereketi degişlilikde, Türkmenistanyň JK-nyň 251-nji we 252-nji maddalarynyň degişli bölekleri boýunça maddalaşdyrylmalydyr. Eger beýleki şärikler özleriniň jenaýatçylykly hereketlerini dowam etdirip, kadadan çykan günäkäriň emläge eýelik etmek ýa-da ony elde saklamak maksady bilen dowam etdiren hereketlerine goşulyşan bolsalar, olar hem deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan diýen maddalaşdyryjy alamaty boýunça

degişlilikde talaňçylyk ýa-da garakçylyk bilen jenaýat jogapkärçiligine çekilmelidirler.

17. Kazyýetler Türkmenistanyň JK-nyň 247-nji, 249-njy, 251-nji, 252-nji maddalarynyň 3-nji böleklerіniň "b" bentlerinde, 250-nji maddasynyň 4-nji böleginiň "b" bendinde, 253-nji maddasynyň 3-nji böleginiň "a" bendinde göz öňünde tutulan jenaýatlaryň guramaçylykly topar tarapyndan amala aşyrylmagyny maddalaşdyranlarynda, bir ýa-da birnäçe jenaýaty etmek üçin öňünden birleşen adamlaryň durnukly topary tarapyndan edilendigine üns bermelidirler (Türkmenistanyň JK-nyň 31-nji maddasynyň 2-nji bölegi).

Jenaýaty bilelikde etmek hakynda oňa deslapdan dilleşmek boýunça iki we şondan-da köp adamyň gatnaşmagyndan (deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň toparyndan) tapawutlylykda guramaçylykly toparda, esasan hem durnuklylyk, toparyň düzüminde guramaçynyň (ýolbaşçynyň) bolmagy we bilelikde edilmeli jenaýatçylykly hereketleriň öňünden işlenip düzülen meýilnamasynyň bolmagy, jenaýata taýýarlyk görmekde we jenaýatçylykly niýeti amala aşyrmakda topar agzalarynyň arasynda "wezipe" bölünişiginiň bolmagy we ş.m. ýagdaýlar bilen häsiýetlendirilýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

Guramaçylykly toparyň durnuklylygyna, diňe bir onuň uzak wagtlap barlygy, topar agzalary tarapyndan edilen jenaýatlaryň ýygylygy bilen däl-de, eýsem olaryň tehniki enjamlary, hat-da bir jenaýata taýýarlyk möhletiniň uzaklygy we beýleki ýagdaýlar hem şaýatlyk edip biler (mysal üçin: guramaçylykly toparyň agzalarynyň pul (walýuta) ýa-da beýleki maddy gymmatlyklary ele salmak üçin banklara ýa-da ammarlara aralaşmaga ýörite taýýarlygy).

Bu jenaýatlar guramaçylykly topar tarapyndan amala aşyrylan diýlip ykrar edilen halatynda, jenaýata bile gatnaşyjylaryň ählisiniň hereketleri, şärikligiň görnüşine (jenaýaty ýerine ýetiriji, guraýjy, meçew beriji, ýaran) garamazdan, Türkmenistanyň JK-nyň 30-njy maddasy bilen goşmaça maddalaşdyrmazdan günäkärleriň hereketleri jenaýaty ýerine ýetiriji hökmünde maddalaşdyrylmalydyr.

18. Eger ogurlyk (gizlin), talaňçylyk, garakçylyk ýa-da gorkuzyp almak, kesekiniň emlägini bilkastlaýyn ýok etmek ýa-da zaýalamak bilen baglanyşykly bolsa we soňky aýdylan etmişli hereketlerde jenaýatyň düzümini döredýän degişli alamatlar bar bolsa, onda şol hereketler ogurlykdan (gizlin), talaňçylykdan ýa-da garakçylykdan başga-da, kesekiniň emlägini bilkastlaýyn ýok etmek ýa-da zaýalamak hökmünde jenaýatlaryň jemi boýunça maddalaşdyrylmalydyr (Türkmenistanyň JK-nyň 256-njy maddasy).

Şonuň bilen birlikde-de, kazyýetler eýýäm ogurlanan emlägiň günäkäriň özi tarapyndan ýok edilmeginiň ýa-da zaýalanmagynyň Türkmenistanyň JK-nyň 256-njy maddasy boýunça goşmaça maddalaşdyrmagy talap etmeýändigini göz öňünde tutmalydyrlar.

Emlägi bilkastlaýyn ýok etmek ýa-da zaýalamak baradaky jenaýat işleri boýunça zyýanyň möçberiniň binýatlyk mukdarynyň on essesinden geçmedik halatynda ýa-da şoňa deň bolsa, ol hereketleriň emlägi bilkastlaýyn ýok etmekligiň ýa-da zaýalamagyň netijesi ep-esli möçberini döretmeýändigini, şeýle ýagdaýlarda administratiw etmişi eden adam Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary

hakynda kodeksiniň 94-nji maddasy esasynda jogapkärçilik çekýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

19. Haçan-da görnetin jenaýatçylykly ýol bilen alnan emlägiň edinilmegi ogurlyk etmäge meçew bermek bilen baglanyşykly bolsa, onda günäkäriň bu hereketleri ogurlyga şärikligi emele getirýär. Ogurlanan emlägiň günäkäre öňünden almaklyk we satyp bermeklik söz berlip alynmagy, şeýle hem şol bir ogrudan ogurlyk emlägiň birsyhly alnyp durulmagy, özüniň bu hereketleriniň şeýle emlägi ýerleşdirmek babatynda özüne bil baglamaga şol ogra mümkinçilik berýändigine düşünýän adam tarapyndan amala aşyrylmagy hem ýokardaky ýaly, kesekiniň emlägini ogurlamaga şäriklik eden hökmünde maddalaşdyrylmalydyr.

Eger-de günäkär mazar bilen bagly islendik bikanun hereketleri amala aşyran ýagdaýynda, onuň hereketleri mazaryň hormatyny gaçyran hökmünde Türkmenistanyň JK-nyň 163-nji maddasynyň 2-nji bölegi bilen maddalaşdyrylmaga degişlidir. Şunda günäkäriň hereketlerini Türkmenistanyň JK-nyň 247-nji maddasy bilen goşmaça maddalaşdyrmak talap edilmeýär.

20. Türkmenistanyň JK-nyň 251-nji maddasynyň 2-nji böleginiň "d" bendinde bellenilýän, adamyň ömri ýa-da saglygy üçin howply bolmadyk zorluk diýip, saglyga gysga wagtlaýyn zyýan ýetirilmegine ýa-da işe ýarawlylyk wagtynyň birneme ýitirilmegine getirmedik urmaklyga, şeýle hem jebir çekeniň synasyny fiziki taýdan agyrtmak ýa-da onuň azatlygyny çäklendirmek bilen baglanyşykly başga hili zorlukly hereketlere düşünilmelidir.

Türkmenistanyň JK-nyň 252-nji maddasynda bellenilýän, adamyň jany ýa-da saglygy üçin howply bolan zorluk diýip, jebir çekeniň saglygyna agyr, orta agyrlykdaky, şeýle hem saglygyň gysga wagtlaýyn ýitirilmegine ýa-da işe ýarawlylyk wagtynyň birneme ýitirilmegine getiren ýeňil zyýan ýetiren zorluga düşünilmelidir.

Jebir çekeniň janynyň alynmagynyň garakçylygyň alamatlarynyň düzümine girmeýändigi üçin, garakçylykly çozuşda amala aşyrylan bilkastlaýyn adam öldürmek garakçylyk hem-de jogapkärçiligi agyrlaşdyrýan ýagdaýlarda adam öldürmek hökmünde jenaýatlaryň jemi boýunça maddalaşdyrylmaga degişlidir.

Emlägi eýelemek maksady bilen jebir çekeniň saglygyna zyýan etmedik ýeňil zyýan ýetiren ýa-da onuň saglygyna zyýan ýetirmedik, ýöne ulanylan pursadyndan jebir çekeniň jany we saglygy üçin howp döreden zorluk bilen utgaşdyrylan çozuş Türkmenistanyň JK-nyň 252-nji maddasynyň 1-nji bölegi boýunça (garakçylygy agyrlaşdyrýan ýagdaýlaryň ýoklugynda) maddalaşdyrylmalydyr.

Haçan-da şeýle maksat bilen jebir çekeniň bedenine onuň jany we saglygy üçin howp salmaýan madda goýberilen mahalynda, etmişli hereketler getiren netijelerine baglylykda zorluk ulanmak howpuny salmak bilen baglanyşykly talaňçylyk ýa-da şeýle jenaýatyň kastyna düşmek hökmünde maddalaşdyrylmaga degişlidir.

Güýçli täsir edýän ýa-da awuly, ýa-da aňy bulaşdyrýan maddalary ulanmak arkaly jebir çekeniň biçärelik ýagdaýyna getirilmegi bilen bagly, kesekiniň emlägini eýelemek maksady bilen amala aşyrylan jenaýatçylykly hereketler garakçylyk hökmünde maddalaşdyrylmalydyr. Eger-de günäkärde, ilkibaşdan satmak maksady bolup, güýçli täsir edýän ýa-da awuly, ýa-da aňy bulaşdyrýan maddalaryň ulanylmagynyň netijesinde, jebir çeken biçärelik ýagdaýyna gelen bolsa, onda

günäkäriň hereketleri Türkmenistanyň JK-nyň 336-njy maddasynyň degişli bölekleri bilen goşmaça maddalaşdyrylmaga degişlidir.

21. Eger garakçylykly çozuşda Türkmenistanyň JK-nyň 107-nji maddasynyň 1-nji böleginde görkezilen netijäniň haýsy biri ýüze çyksa-da, ýagny adamyň jany üçin howply zyýanyň ýetirilmegi ýa-da şonuň netijesinde şol adam görmekden, geplemekden, eşitmekden galsa, ýa-da haýsydyr bir agzasyny ýitirse, ýa-da haýsydyr bir agzasy işlemekden kesilse, ýa-da ýüzi düzedip bolmajak bedroýlyga sezewar edilse, şeýle hem saglygyna jany üçin howply bolan başga bir zyýan ýetip, umumy işe ýarawlylygynyň azyndan üçden bir bölegini uzak wagtlaýyn ýitirse, ýa-da hünär işe ýarawlylygyny doly ýitirse, ýa-da göwresinden çagasy aýrylsa, ýa-da psihiki kesele ýoluksa, günäkäriň hereketleri Türkmenistanyň JK-nyň 252-nji maddasynyň 4-nji böleginiň "ç" bendi boýunça maddalaşdyrylmalydyr.

22. Haçan-da kesekiniň emlägini eýelemeklik düşnüksiz häsiýetdäki zorlugy ulanmak howpy bilen utgaşdyrylan mahalynda, şol adamyň hereketlerinde talaňçylygyň ýa-da garakçylygyň bardygy hakyndaky mesele işiň hemme ýagdaýlary (jenaýatyň amala aşyrylan ýeri we wagty, jenaýatçylaryň sany, jebir çekene howp salmakda ulanylan närseleriň görnüşleri, jebir çekeniň özüne howp salynmagyny nähili kabul edendigi we ş.m.) nazara alnyp çözülmelidir.

23. Günäkäriň hereketleri Türkmenistanyň JK-nyň 252-nji maddasynyň 2-nji böleginiň "ç" bendine laýyklykda maddalaşdyrylanda, "Ýarag hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň düzgünleri göz öňünde tutulmalydyr we bilermenler seljermesiniň netijesine esaslanyp, günäkäriň ulanan närsesiniň ýaragdygy anyklanmalydyr. Eger ýeterlik esas bar bolsa, şeýle adamyň hereketleri Türkmenistanyň JK-nyň 322-nji maddasy boýunça goşmaça maddalaşdyrylmalydyr.

24. Ýarag hökmünde ulanylýan "başga närseler" diýip (Türkmenistanyň JK-nyň 252-nji maddasynyň 2-nji böleginiň "ç" bendi), jebir çekeniň ölümine getirip biljek ýa-da synasyna jany we saglygy üçin howply zyýan ýetirip biljek närselere (päki, palta, lom, dürre we ş.m.), şeýle hem ulanylmagy jebir çekeniň jany ýa-da saglygy üçin hakyky howp döredýän beýleki zatlara, mysal üçin, mehaniki spreýlere, adamyň aňyna ýaramaz täsirini ýetirýän (gaharyňy getirýän, gyjyndyrýan) maddalar bilen enjamlaşdyrylan aerozol we beýleki serişdelere aýdylýandygyny düşündirmeli.

Ýarag ulanmak ýa-da ýarag hökmünde başga närseleri ulanmak bilen garakçylyk edilmegine, günäkäriň şol närseleri bilkastlaýyn ulanmagy netijesinde jebir çekeniň jany ýa-da saglygy üçin howply bolan oňa fiziki taýdan, şeýle hem ruhy (psihiki) taýdan täsirini ýetirip biljek howpunyň bolmalydygyny kazyýetlere düşündirmeli.

Eger günäkär görnetin bozuk ýarag bilen ýa-da käbir närseleri (meselem, pistoletiň nusgasy, oýunjak hanjar we ş.m.) syna jan üçin howply bolan zyýan ýetirmek maksady bilen ulanmakçy bolman, diňe olary ýaraga meňzedip howp salan bolsa we jebir çeken olary hakyky hasap eden bolsa, onuň hereketleri (agyrlaşdyrýan ýagdaýlaryň ýoklugynda) Türkmenistanyň JK-nyň 252-nji maddasynyň 1-nji böleginde göz öňünde tutulan garakçylyk hökmünde maddalaşdyrylmalydyr.

Başga biriniň emlägini ogurlamak maksady bilen, adamyň jany ýa-da saglygy üçin howply bolan zorlugy ýa-da şeýle zorlugy ulanmak howpuny itleri ýa-da beýleki haýwanlary peýdalanmak arkaly çozuş eden adamyň hereketleri, işiň boluş ýagdaýlaryny göz öňünde tutmak bilen, Türkmenistanyň JK-nyň 252-nji maddasynyň 2-nji böleginiň "ç" bendi boýunça maddalaşdyrylmaga degişlidir.

25. Haçan-da emlägi almaklyk huligançylykda, zorlamakda ýa-da başga bir jenaýatçylykly hereketlerde amala aşyrylan mahalynda, günäkäriň şol emlägi nähili maksat bilen alandygyny anyklamak zerurdyr.

Eger günäkär betnebislik bilen şeýle eden bolsa, onuň hereketleri emlägi eýelemegiň amala aşyrylan usulyna baglylykda eýeçilige garşy edilen degişli jenaýat hökmünde, şeýle hem huligançylyk, zorlamak ýa-da başga bir jenaýat eden hökmünde jenaýatlaryň jemi boýunça maddalaşdyrylmalydyr.

26. Tükmenistanyň JK-nyň 249-njy maddasyna laýyklykda, aldamak ýa-da ynamy hyýanatly peýdalanmak ýoly bilen, kesekiniň emläginiň eýelenmegi ýa-da şol emläge bolan hukugyň alynmagy netijesinde, jebir çekene ep-esli möçberde zyýan ýetirilmegi kezzapçylyk hasap edilýär.

Şunda, kezzapçylygyň alamaty, emlägiň ýa-da emläge bolan hukugyň jebir çekeniň özi tarapyndan, aldawyň (ynandyrmagyň) ýa-da ynamyň hyýanatly peýdalanylmagynyň täsiri astynda günäkäre meýletin berilmelidigi göz öňünde tutulmalydyr.

Emlägiň nähilidir bir borjy ýerine ýetirmek şerti bilen alynmagy diňe günäkär şol emlägi eýeleýän pursatynda ony öz hasabyna geçirmekligi maksat edinip, boýun alan borjuny ýerine ýetirmek barada pikir etmedik bolsa, kezzapçylyk hökmünde maddalaşdyrylyp bilner.

27. Kezzapçylygyň närsesi diňe bir emläk bolman, eýsem emläge bolan hukugy almak bilen-de bagly bolup biler. Ol wesýetnama boýunça wesýet edijiniň özüne emlägi wesýet etdirmeginde-de, emläk almak üçin ynanç hatynyň alynmagy bilen-de, ätiýaçlandyryş polisinde ätiýaçlandyryş hadysasy boýunça puluň berilmeginde-de, gymmatly kagyzlary almakda-da bolup biler.

Eger kezzapçylyk gozgalmaýan zada eýe bolmak bilen bagly bolsa, mysal üçin, günäkär kezzapçylyk etmek bilen başganyň ýaşaýyş jaýyny öz adyna resmileşdirýär, kezzapçylyk degişli resminamalaryň resmileşdirilmegi bilen gutaran hasap ediler.

Özi tarapyndan galplaşdyrylyp taýýarlanan hukuk beryän ýa-da borçlardan boşadýan başga resminamany ulanmak arkaly aldamak ýa-da ynamy hyýanatly peýdalanmak ýoly bilen başga biriniň emlägini ýa-da oňa bolan hukugy alan günäkäriň hereketleri Türkmenistanyň JK-nyň 240-njy maddasynyň degişli bölekleri bilen goşmaça maddalaşdyrylmagyny talap edýär.

Başga adam tarapyndan galplaşdyrylan resminamany peýdalanmak (ulanmak) arkaly kezzapçylyk edeniň hereketlerini Türkmenistanyň JK-nyň 240-njy maddasynyň üçünji bölegi bilen hem goşmaça maddalaşdyrylmaga degişlidigini kazyýetlere düşündirmeli.

28. Eýelemek diýip, günäkäre ynanylan ýa-da onuň garamagynda duran kesekiniň emlägine onuň eýesine muzduny (hakyny, tölegini) bermezden hakykat ýüzünde agalyk etmeklige, resminamalary galplaşdyrmak arkaly ygtyýar etmeklige,

harç etmek diýip bolsa, günäkäre ynanylan ýa-da onuň garamagynda duran kesekiniň emläginiň dargadylmagy, satylmagy, sowgat edilmegi we şoňa meňzeş usullar bilen üçünji bir şahsa berilmegine düşünilmelidir.

Kazyýetleriň ünsüni günäkäre ynanylan ýa-da onuň garamagynda duran kesekiniň emläginiň eýelemek ýa-da harç etmek ýoly bilen ogurlanmagyny ogurlygyň başga görnüşlerinden açyk-aýdyň tapawutlandyrmagyň zerurdygyna çekmeli. Şunda eýelemek ýa-da harç etmek ýoly bilen ogurlamagyň alamatlarynyň günäkäriň maddy jogapkärçiliginde duran emläk babatynda onuň gulluk ýa-da başga borçlary, ýa-da ýörite tabşyryk esasynda eýelik etmek, dolandyrmak, eltip bermek, ýa-da saklamak boýunça ygtyýarlary amala aşyrýan adamyň özüniň eýeçiligine, ýa-da başga adamlaryň eýeçiligine bikanun mugtuna geçirilen halatlarynda emele gelýändigi göz öňünde tutulmalydyr.

Türkmenistanyň JK-nyň 250-nji maddasynyň 1-nji bölegi, emläk eýesiniň şahsy adama ynanan emläk gymmatlyklarynyň betnebislikden eýelenmegi we harç edilmegi bilen baglanyşykly ýagdaýlary göz öňünde tutýar.

Ogurlanýan emläk babatda ygtyýarlardan peýdalanan ekspeditorlar, sürüji-ekspeditorlar, harman, ammar müdirleri we beýleki işgärler hem edaralaryň, kärhanalaryň we guramalaryň wezipeli adamlary bilen bir hatarda bu jenaýatyň subýekti hökmünde garalmaga degişlidir.

Şonuň bilen birlikde, degişli resminama ýa-da özara ylalaşyk (ýazmaça ýa-da dil üsti bilen) esasynda özleriniň jogapkärçiligine alynmadyk oba hojalyk önümleriniň sürüjiler, traktorçylar, kombaýnçylar we ş.m. tarapyndan ýerleşdirilmeli ýa-da saklanylmaly ýere daşalan mahaly**,** şeýle-de işgäriň wezipe borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen baglylykda, hiç hili erk etmek ýa-da dolandyrmak hukugy bolmazdan, emlägi daşamak, ýüklemek, düşürmek ýa-da goramak işlerini amala aşyrýan halatynda emlägiň betnebislikden alynmagy günäkäriň emlägi öz garamagyna alan pursatyndaky niýetine baglylykda, bu ýagdaý degişlilikde, başga birиniň emläginiň gizlinlik bilen ogurlanmagy, ynanylan emlägiň eýelenmegi ýa-da harçlanmagy arkaly ogurlanmagy ýa-da kezzapçylyk arkaly eýelenmegi hökmünde maddalaşdyrylmaga degişlidir.

Eger-de bu işgärler özleriniň önümi daşamak bilen baglanyşykly wezipelerinden başga-da ekspeditorlaryň wezipelerini ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly borçlary amala aşyrýan bolsalar, ýagny olar harydyň ady, görnüşi, sany (agramy) käbir halatlarda bahasy görkezilen haryt-ulag nakladnoýy ýa-da başga hasabat resminamasy bilen üpjün edilen bolsalar, ýa-da eýesinden emlägi özleriniň maddy jogapkärçiligine alan bolsalar, onda olaryň hereketleri özlerine ynanylan gymmatlyklary eýelemek ýa-da harç etmek görnüşindäki ogurlyk hökmünde maddalaşdyrylmaga degişlidir.

Kanunyň manysy boýunça, diňe bir wezipeli adamlar ýa-da haýsydyr bir guramalaryň belli bir ygtyýarlar berlen işgärleri (ammarçy, ekspeditor, üpjünçilik boýunça agent, satyjy, kassir we ş.m.) däl-de, eýsem zat eýesinden hukuk şertnamasy boýunça (meselem, potratçylyk, kärende şertnamalary we ş.m. boýunça) belli bir ygtyýarlary alan hususy şahslar hem şu jenaýatyň subýekti bolup bilerler.

Kazyýetler kesekiniň emlägini eýelemek ýa-da harç etmek ýoly bilen ogurlamak alamatyny, betnebislikden amala aşyrylan we maddy zyýan ýetiren, ýöne

kesekiniň emlägini öz eýeçiligine ýa-da başga adamlaryň eýeçiligine mugtuna geçirmek bilen baglanyşykly bolmadyk gulluk ýagdaýyndan hyýanatly peýdalanmakdan (meselem, hasabatyň bulaşdyrylandygy bilen sowuk-salalyk netijesinde emele gelen ýetmezçiligi gizlemek) tapawutlandyrmalydyrlar.

29. Eýeçilige garşy jenaýatlar boýunça etmiş Türkmenistanyň JK-nyň 250-252-nji maddalarynyň haýsy-da bolsa birinde ýa-da bir böleginde göz öňünde tutulan etmiş kesgitsiz wagtyň dowamynda amala aşyrylan bolsa, uzaga çekýän jenaýat bolar. Mysal: günäkäriň niýeti ammardan gullukda ulanylýan garnitury almak bolup, olary birnäçe günüň dowamynda ogurlasa, uzaga çekýän jenaýat bolýar. Uzaga çekýän jenaýat amala aşyrylýan jenaýatçylykly hereketleriň bes edilen pursadyndan ýa-da dowam etmegine päsgel berýän wakanyň başlanan pursatyndan gutaran hasaplanýar.

Eger Türkmenistanyň JK-nyň 250-252-nji maddalarynyň birinde ýa-da böleginde göz öňünde tutulan we ýeke-täk niýeti gurşap alan birmeňzeş jenaýatçylykly hereketleriň ikisi ýa-da şondan hem köpüsi amala aşyrylsa, dowam edýän jenaýat bolar. Bu hereketler şol bir çeşmeden we usul bilen gaýtalanyp edilende hem dowam edýän jenaýat bolýar.

30. Türkmenistanyň JK-nyň 253-nji maddasyna laýyklykda, gorkuzyp almak-jemgyýetçilik howply jenaýatçylykly etmiş bolup, häsiýeti boýunça eýeçilik we beýleki emläkleýin gatnaşyklara, şeýle hem şahsyýete (adamyň saglygyna, eldegrilmesizligine, abraýyna we mertebesine, beýleki hukuklaryna we kanuny bähbitlerine) kast edilmegine gönükdirilendigi bilen kesgitlenýär.

Gorkuzyp almak - munuň jebir çekene ýa-da onuň ýakyn adamlaryna kesekiniň emlägini, ýa-da emläge bolan, ýa-da emläge degişli başga hili hereketleri etmek hukugynyň özüne berilmegini zorluk ulanmak ýa-da kesekiniň emlägini ýok etmek ýa-da zaýalamak howpy astynda, şonuň ýaly-da, jebir çekeni ýa-da onuň ýakyn adamlaryny masgaralaýan maglumatlary ýaýratmak howpy astynda talap etmeklikdigini kazyýetlere düşündirmeli.

Türkmenistanyň JK-nyň 253-nji maddasynyň manysy boýunça, gorkuzyp almagyň närsesi, hususan-da, kesekiniň emlägini, ýagny zatlar, şol sanda nagt we nagt däl pul serişdeleri, gymmatly kagyzlary, emläge bolan ýa-da başga hili hereketleri etmek hukugyny öz içine alýar.

31. Gorkuzyp almakda jebir çeken diňe bir zat eýesi ýa-da kanuny ýol bilen eýelik ediji däl, eýsem beýleki hakykat ýüzünde emläge eýelik edýän (mysal üçin: emlägiň goragyny amala aşyrýan ýa-da gulluk borçlary bilen bagly ýa-da şahsy gatnaşyklar sebäpli ygtyýary bolan) hem-de fiziki, maddy ýa-da ahlak taýdan zyýan çeken adamlar hem bolup bilerler.

Gorkuzyp almagy oňa meňzeş alamatlardan, hususan-da, talaňçylykdan we garakçylykdan tapawutlandyrmak hakyndaky meseläni çözenlerinde kazyýetler talaňçylykda we garakçylykda zorlugyň emlägi eýelemegiň ýa-da saklamagyň serişdesidigini, gorkuzyp almakda bolsa onuň haýbaty güýçlendirýändigini göz öňünde tutmalydyrlar. Talaňçylykda we garakçylykda jebir çekeniň emläginiň alynmagy zorlukly hereketler bilen bir wagtda ýa-da şol hereketler edilmeginiň yz ýany (derrew) bolup geçýär, gorkuzyp almakda jenaýatçy zorlugy ýa-da zorluk ulanmak howpuny, ýa-da jebir çekeni ýa-da onuň ýakyn adamlaryny masgaralaýan

maglumatlary ýaýratmak howpuny ulanýan hem bolsa, ol şeýle hereketleriň kömegi bilen jebir çekeniň emlägini özi şol wagt almaklygy niýet edinmeýär-de, eýsem, şol emlägi öz görkezen wagtynda jebir çekeniň özüniň getirip bermegini talap edýändigini göz öňünde tutmalydyrlar.

Gorkuzyp almakda ulanylýan zorluk salynýan howpa hakykatdan hem amala aşyrmak häsiýetini berýär, şonuň bilen hem jebir çekende gorkuzyp alýanyň talaplaryny ýerine ýetirmäge meýil döredýär.

Şol bir wagtyň özünde hem amala aşmadyk, ýöne emlägi gös-göni aç-açan eýelemek ýa-da jebir çekeniň jany we saglygy üçin howply zorlugy ulanmak bilen baglanyşykly gorkuzyp almaklygyň talaňçylyk ýa-da garakçylyk hökmünde goşmaça maddalaşdyrylmalydygy göz öňünde tutulmalydyr.

Eger-de gorkuzyp almak has agyr hukuk netijelerine getirýän jenaýatyň amala aşyrylmagy bilen utgaşdyrylan bolsa, onda etmişli hereketler jenaýatlaryň hakyky jemi boýunça maddalaşdyrylýar. Mysal: gorkuzyp almagyň dowamynda töhmet atmak, jebir çekeniň we (ýa-da) garyndaşlarynyň namysyny we mertebesini kemsidýän, ýa-da abraýyna zeper ýetirýän, şahsy, maşgala syryny düzýän, şahsy durmuşy hakyndaky maglumatlary onuň razylygy bolmazdan, bikanun ýaýratmak, perzentlige alanlaryň erkiniň garşysyna perzentlige almak syryny açmak, täjirçilik ýa-da bank syryny düzýän maglumatlary bikanun aýan etmek bilen bagly etmişleri etse, eger hereketlerinde jenaýatyň başga alamatlary hem bar bolsa, günäkäriň hereketleri Türkmenistanyň JK-nyň 253-nji maddasynyň degişli bölegi bilen bilelikde şol Kodeksiň 131-nji, 144-nji, 156-njy we 271-nji maddalarynyň degişli bölekleri bilen jenaýatlaryň umumy jemi boýunça maddalaşdyrylmalydyr.

Jebir çekeni ýa-da onuň ýakyn adamlaryny masgaralaýan maglumatlary ýaýratmak howpy astynda amala aşyrylan gorkuzyp almak hökmünde, mälim edilmegi jebir çekeniň ýa-da onuň ýakyn adamlarynyň at-abraýyna we mertebesine zyýan ýetirip biljek ýa-da jebir çeken üçin islenilmeýän başga bir netijelere getirip biljek maglumatlary ýaýratmak howpy arkaly emlägiň berilmeginiň talap edilmegi maddalaşdyrylmalydyr.

Şunda gorkuzyp almaklygy amala aşyrmak üçin ýaýradylmakçy bolunýan maglumatlaryň hakykata laýyk gelýändiginiň-gelmeýändiginiň ähmiýeti ýokdur.

Zat eýesinden bikanun alnan emlägi yzyna gaýtaryp bermezlik howpunyň salynmagynyň şeýle emlägi ýok etmek howpunyň salynmagy diýip hasap edilmelidigini we şol hereketleriň gorkuzyp almak hökmünde maddalaşdyrylmalydygyny kazyýetlere düşündirmeli.

Gorkuzyp almak, haçan-da günäkäriň maksady şol bir adamdan anyk bir möçberi, ýöne birnäçe gezekde töleg görnüşinde almaklyga gönükdirilen mahalynda dowam edýän diýip hasap edilmelidir.

32. Şol bir emlägi ýa-da emläge bolan ýa-da emläge degişli başga hili hereketleri etmek hukugynyň özüne berilmegi howpy astynda bir ýa-da birnäçe adamyň garşysyna gönükdirilen hereketler, eger bu talaplar bir niýeti gurşap alýan bolsa, jenaýatlaryň gaýtalanmagyny emele getirmeýär.

33. Türkmenistanyň JK-nyň 253-nji maddasynda görkezilen maddalaşdyryş alamatlarynyň gorkuzyp almak jebir çekeniň özi babatynda-da, şonuň ýaly-da, onuň

ýakynlary babatynda amala aşyrylanda-da nazara alynmalydygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Jebir çekeniň ýakyn adamlary diýip, Türkmenistanyň JIÝK-nyň 6-njy maddasynyň 59-njy bendinde sanalyp geçilen ýakyn garyndaşlara, şeýle hem dörän ýagdaýlar sebäpli, jany, saglygynyň gowy bolmagy jebir çeken üçin gymmatly bolan başga adamlara düşünilmelidir.

34. Eger gorkuzyp almak adamy birsyhly urmak ýa-da zorlukly usul bilen fiziki ýa-da psihiki ezýetler bermek bilen, şeýle hem saglyga orta agyrlykda zyýan ýetirmek bilen baglanyşykly bolsa, günäkäriň şeýle hereketleri boýunça Türkmenistanyň JK-nyň 108-nji we 111-nji maddalary bilen goşmaça maddalaşdyrmazdan, şol Kodeksiň 253-nji maddasynyň 2-nji böleginiň "ç" bendi boýunça maddalaşdyrylmalydyr.

Ýokarda görkezilen zorlukly hereketleriň dowamynda jebir çekeniň saglygyna bilkastlaýyn agyr zyýan ýetirilen ýagdaýynda, günäkäriň hereketleri Türkmenistanyň JK-nyň 253-nji maddasynyň 3-nji böleginiň "b" bendi bilen maddalaşdyrylmagy ýeterlik bolup, şol Kodeksiň 107-nji maddasy bilen goşmaça maddalaşdyrmaklyk talap edilmeýär. Gorkuzyp almak jenaýatçylykly bileleşik tarapyndan amala aşyrylsa, bu hereketler Türkmenistanyň JK-nyň 253-nji maddasynyň 3-nji böleginiň "a" bendi bilen maddalaşdyrylmalydyr.

Gorkuzyp almagyň dowamynda jebir çekeniň saglygyna agyr zyýan ýetirilmeginiň netijesinde, seresapsyzlykdan onuň ölmegine getiren bolsa, günäkäriň hereketleri Türkmenistanyň JK-nyň 253-nji maddasynyň 3-nji böleginiň "b" bendi we 107-nji maddasynyň 3-nji bölegi bilen jenaýatlaryň umumy jemi boýunça maddalaşdyrylmalydyr.

Gorkuzyp almak, bilkastlaýyn adam öldürmek bilen baglanyşykly amala aşyrylanda, Türkmenistanyň JK-nyň 253-nji maddasynyň 3-nji böleginiň "b" bendi we 101-nji maddasynyň 2-nji böleginiň "h" bendi bilen jenaýatlaryň umumy jemi boýunça maddalaşdyrylmalydyr.

35. Türkmenistanyň JK-nyň 247-nji, 249-253-nji maddalarynda görkezilen ogurlygyň uly möçberi diýlip, binýatlyk mukdarynyň iki ýüz ellisinden geçýän emlägiň bahasyna, aýratyn uly möçberi diýip bolsa, binýatlyk mukdarynyň bäş ýüzüsinden geçýän emlägiň bahasyna düşünilmelidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Ýetirilen zyýanyň möçberi hasaplanylanda, binýatlyk mukdary diýlip, jenaýat edilen pursadyna çenli Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilen binýatlyk mukdaryna düşünilýär, uzaga çekýän we dowam edýän jenaýatlar boýunça, degişlilikde jenaýatçylykly hereketleriň gutaran pursadyna çenli ýa-da iň soňky jenaýat edilen pursada çenli kanun tarapyndan bellenilen binýatlyk mukdaryna düşünilmelidir (Türkmenistanyň JK-nyň 247-nji maddasynyň belliginiň 2-nji bölegi).

36. Ogurlanan aýratyn möhüm taryhy, ylmy, çeperçilik ýa-da medeni gymmatlygy bolan närseleriň ýa-da resminamalaryň bahasy hasaplananda, olaryň (Türkmenistanyň JK-nyň 254-nji maddasy) haýsy ýol bilen alnandygyna garamazdan, taryh, ylym, medeniýet we sungat üçin ähmiýetiniň hem göz öňünde tutulýandygy sebäpli, bilermenler seljermesiniň netijesi esasynda kesgitlenýär.

37. Eger-de günäkär ogurlamak maksady bolmazdan, kesekiniň ulag serişdesini alyp gaçyp, ýol-ulag hadysasyny döredip, seresapsyzlykdan şol ulag serişdesine uly möçberde zyýan ýetiren halatynda onuň hereketleri Türkmenistanyň JK-nyň 255-nji maddasynyň 1-nji bölegi we 364-nji maddasynyň degişli bölegi bilen maddalaşdyrylmaga degişlidir. Çünki günäkäriň ýol hereketiniň we ulag serişdelerini ulanmagyň kadalaryny bozmagy bilen bagly hereketleriniň netijesinde jebir çekene seresapsyzlykdan uly möçberde zyýan ýetirilýär.

Türkmenistanyň JK-nyň 255-nji maddasynyň 2-nji böleginiň "d" bendinde göz öňünde tutulan jenaýatçylykly hereketleriň diňe kesekiniň ulag serişdesiniň bikanun eýelenmegi netijesinde, şol hereket bilen jebir çekene bilkastlaýyn uly möçberde zyýan ýetirilýändigine üns berilmelidir.

38. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 12-nji maddasyna laýyklykda, kanun tarapyndan gadagan edilen usul bilen edinilen emläkden başga emlägiň musdsuz alynmagyna ýol berilmeýändiginden ugur alyp, derňew edaralary we kazyýetler her bir anyk ýagdaýda emlägiň, gymmatlyklaryň günäkärde nähili peýda bolandygy baradaky meseläni hemmetaraplaýyn barlamalydyrlar we aýdyňlaşdyrmalydyrlar. Emlägiň esassyz tussag edilmegi ýüze çykan mahalynda, olary tussaglykdan boşatmak meselesi çözülmelidir.

Şol bir wagtyň özünde-de, iş kesileniň şahsy emläginiň ýetirilen zyýanyň öwezini doldurmaklyga ýa-da başga tölegleri töletdirmeklige gönükdirilip bilinýändigi göz öňünde tutulmalydyr. Türkmenistanyň JIÝK-nyň 130-njy maddasynyň 3-nji böleginiň 1-nji bendine laýyklykda, kazyýet tarapyndan aýyplanýana, kazyýetde işi seredilýäne degişli jenaýat etmekligiň guraly muzdsuz alnýar, bu ýagdaýlary kazyýetler hökümiň beýan ediş-delillendiriş böleginde kazyýetde işi seredilýäniň hereketlerini suratlandyranda muzdsuz almaly edilen emläk bilen amala aşyrylan hereketler anyk beýan edilip, görkezmelidirler. Türkmenistanyň JIÝK-nyň 130-njy maddasynyň 3-nji böleginiň 2-nji bendinde bolsa, jenaýatçylykly ýol bilen gazanylan pullar we beýleki gymmatly zatlar döwletiň haýryna berilýär.

Şunda hakyky geleşigi ýaşyrmak maksady bilen başga adamlaryň adyna resmileşdirilen we ynanç haty boýunça dolandyrylýan ýa-da başga bir adama wagtlaýynça saklamak üçin berilýän (meselem, günäkär adam awtoulagy, hakykatdan-da, jenaýatçylykly ýol bilen edinen serişdeleriniň hasabyna satyn alan hem bolsa, ony öz adyna resmileşdirmeýär, ýöne ynanç haty boýunça dolandyrýar ýa-da başga adamlara wagtlaýyn saklamaga berýär we ş.m.) emlägiň hem günäkäriň özüne degişli diýip hasap edilýändigini kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

39. Kazyýetler şu görkezilen görnüşli işlere seredilende, jeza bellemek meselesine uly üns bermelidirler. Jeza bellenilende, zandyýaman jenaýatçylar babatynda gowşaklyga ýol berilmezligi we günäkäriň şahsyýeti hakyndaky maglumatlar bilen birlikde amala aşyrylan jenaýatyň häsiýetini we jemgyýetçilik howplulyk derejesini nazara almak üçin, şeýle-de kämillik ýaşyna ýetmediklere we jemgyýet üçin uly howplulygy bolmadyk jenaýaty ilkinji gezek eden adamlara esassyz agyr jeza çäreleriniň bellenilmegine ýol bermezlik üçin, kazyýetleriň iş ýörelgesini kanunyň jezany aýrybaşgalaşdyrmak hakyndaky talaplaryny gyşarnyksyz berjaý etmeklige gönükdirmeli.

Türkmenistanyň JK-nyň 250-nji maddasynyň belligine laýyklykda, eger şu maddanyň birinji, ikinji we üçünji böleklerinde göz öňünde tutulan jenaýatlary ilkinji gezek eden adam, fiziki we ýuridik şahslara ýa-da döwlete ýetirilen zyýanyň öwezini doly möçberde dolan bolsa we ýetirilen zyýanyň iki essesi möçberindäki pul serişdesini döwletiň haýryna geçiren bolsa, eden jenaýaty üçin jenaýat jogapkärçiliginden boşadylýar.

Mysal: günäkär bir kärhananyň ammar müdiri bolup işläp, özüne ynanylan 10.000 manatlyk emläkleri ogurlap, eýelän halatynda, şol kärhana 10.000 manat möçberinde ýetiren zyýany doly töläp, ýene-de döwletiň haýryna 20.000 manat geçiren halatynda jenaýat jogapkärçiliginden boşadylýar.

Türkmenistanyň JK-nyň 250-nji maddasynyň belliginiň 2-nji böleginde göz öňünde tutulan, jenaýatyň üstüni açmaga ýardam eden diýip bilmek üçin, Türkmenistanyň JK-nyň 56-njy maddasynyň 1-nji böleginiň "j, ž" bentlerinde göz öňüne tutulan jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän ýagdaýlardan ugur alyp baha berilmäge degişlidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

40. Türkmenistanyň JIÝK-nyň 434-nji maddasyna laýyklykda, kazyýetler her bir şeýle görnüşli işler boýunça jenaýatyň edilmegine ýardam beren sebäpleri we şertleri aýdyňlaşdyrmalydyrlar hem-de anyklaýyş, deslapky derňew geçirilende ýa-da işe kazyýetler tarapyndan seredilende, raýatlaryň hukuklarynyň bozulandygy hem-de kanunyň beýleki bozulmalaryna ýol berlendigi ýüze çykarylan mahalynda, hususy kesgitnama (karar) çykarmak arkaly döwlet we beýleki edaralaryň, jemgyýetçilik birleşikleriniň ýa-da wezipeli adamlaryň kanunyň bozulmagynyň iş boýunça anyklanan hakyky ýagdaýlaryna, jenaýat edilmegine ýol açan hem-de degişli çäreler görülmegini talap edýän sebäplere we şertlere ünsüni çekmelidirler.

41. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri kesekiniň emläginiň ogurlanmagy hakyndaky kanunçylygyň kazyýetler tarapyndan ulanylyşyna gözegçiligi güýçlendirmelidirler. Şu görnüşli işler boýunça kazyýet iş tejribesini yzygiderli öwrenmeli we umumylaşdyrmaly, kazyýetler tarapyndan goýberilýän kemçilikleriň sebäplerini derňemeli we olary aradan aýyrmak boýunça öz wagtynda çäre görmeli.

42. Şu Kararyň kabul edilmegi bilen Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumynyň 2020-nji ýylyň 17-nji oktýabryndaky "Kesekiniň emläginiň ogurlanmagy baradaky işler boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda" 4 belgili Kararyny güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy B.Hojamgulyýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy G.Ýegenmämmedowa

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ K A R A R Y № 6

2024-nji ýylyň 19-njy oktýabry Aşgabat şäheri

Satyn almak-satmak we sowgat etmek şertnamalaryndan gelip çykýan gozgalmaýan emläk jedelleri bilen bagly işlere seredilende Türkmenistanyň kazyýetleri tarapyndan kanunçylygyň ulanylyş kazyýet iş tejribesi hakynda

(25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň karary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Satyn almak-satmak we sowgat etmek şertnamalaryndan gelip çykýan gozgalmaýan emläk jedelleri bilen bagly işlere seredilende kazyýet iş tejribesini öwrenmegiň netijesi, kazyýetler tarapyndan satyn almak-satmak ýa-da sowgat etmek şertnamalaryny hakyky däl diýip ykrar etmek, şeýle-de şol şertnamalary ýatyrmak, satyn almak-satmak şertnamalary esasynda eýeçilik paýyny kesgitläp, natura görnüşinde bölmek, satyn almak-satmak şertnamanyň bolandygynyň faktyny takyklamak bilen bagly jedeller hakyndaky işlere seredilýändigini görkezdi.

Şu işler iş ýörediş we maddy hukuk kadalaryny berjaý etmek bilen, kanun tarapyndan bellenilen möhletlerde, esasan dogry çözülýär.

Şonuň bilen birlikde şeýle işlere seredilişiniň hilini pese gaçyrýan ýalňyşlyklar we kemçilikler hem bar.

Käbir halatlarda işleri kazyýet seljerişine taýýarlamak kazyýetler tarapyndan degişli derejede geçirilmeýär, hak isleýiş talaby ýalňyş bildirilip, kazyýet mejlisine çagyrylmaly adamlar nädogry kesgitlenilýär.

Kazyýetleriň döwlet pajyny nädogry tutup alýan we kazyýet harajatlaryny taraplaryň arasynda nädogry paýlaýan halatlary hem bar. Kazyýetleriň işinde şu görnüşli işlere seretmekde başga-da ýalňyşlyklara ýol berilýär.

Satyn almak-satmak we sowgat etmek şertnamalaryndan gelip çykýan gozgalmaýan emläk jedelleri bilen bagly işlere seredilende,
kanunçylygyň dogry we birmeňzeş ulanylmagyny gazanmak üçin ugrukdyryjy düşündirişleri bermek maksady bilen, “Kazyýet hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy

K A R A R E D Ý Ä R :

1. Gozgalmaýan emläkler bilen bagly satyn almak-satmak, şeýle hem sowgat etmek şertnamalaryndan gelip çykýan emläk jedelleriň: satyn almak-satmak ýa-da sowgat etmek şertnamalary hakyky däl diýip ykrar etmek, şeýle-de şol şertnamalary ýatyrmak, şol şertnamalar esasynda eýeçilik paýyny kesgitläp, ony natura

görnüşinde bölmek, satyn almak-satmak şertnamanyň bolandygynyň faktyny takyklamak bilen bagly bolup biljekdigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

2. Satyn almak-satmak şertnamasy raýat kanunçylygynyň talaplaryndan ugur alnyp baglaşylýar, oňa laýyklykda, satyjy emläge eýeçilik hukugyny, onuň bilen baglanyşykly degişli resminamalary we harydyny alyja bermäge, satyn alyjy bolsa, satyja ylalaşylan nyrhy tölemäge we satyn alnan emlägi kabul etmäge borçlanýar (Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň (mundan beýläk Türkmenistanyň RK-nyň) 513-nji maddasy).

Şunda, satyjynyň gozgalmaýan emläge bolan eýeçilik hukugynyň berilmeginiň tertibi (usuly) zat hukugynda (ýagny, zady-emlägi bermek hukugy) amala aşyrylýandygyna we satyn almak-satmak şertnamasynyň esasynda satyn alyjynyň şertnamada görkezilen borçlaryny ýerine ýetirmeginiň ýa-da ýerine ýetirmezliginiň satyn almak-satmak şertnamasynyň hakykylygyna täsirini ýetirýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

Agzalan şertnamanyň tassyklanmagynda "Notariat we notarial işi hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň we Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2023-nji ýylyň 9-njy awgustynda 1726 belgi bilen döwlet belligine alnan Notarial hereketlerini amala aşyrmagyň tertibi hakynda Düzgünnamanyň talaplarynyň doly berjaý edilendigi barlanylmalydyr.

3. Türkmenistanyň RK-nyň (1998-nji ýyl neşiri) 4-nji maddasynda raýat kanunynyň hereketi barada beýan edilen kadalara esaslanýan, "Türkmenistanyň Raýat kodeksini tassyklamak we güýje girizmek hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 4-nji maddasynyň ikinji bölegindäki, şol Kodeksiň 1999-njy ýylyň 1-nji martyndan güýje girýändigi we şondan soň ýüze çykan hukuklara we borçnamalara ulanylýandygy barada görkezilenlerden ugur alyp, onuň güýje girmegi bilen güýjüni ýitiren diýip hasap edilen ozalky kadalaşdyryjy hukuk namalaryň hereket eden döwründe ýüze çykan hukuk gatnaşyklaryna agzalan kodeksiň täsiriniň ýokdugyna kazylaryň ünsüni çekmeli.

Şoňa görä-de, 1999-njy ýylyň 1-nji martyndan soňra baglaşylan gozgalmaýan emlägi edinmek üçin şertnamalaryň notarial tertipde tassyklanmagynyň zerurdygyna, şunda şol tertibiň berjaý edilmezligi soňlugy bilen gozgalmaýan emlägi edinmek bilen bagly şertnamalaryň faktynyň takyklanmagyna getirip bilmeýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

Türkmenistanyň RK-nyň (1963-nji ýyl neşiri) 237-nji maddasyna laýyklykda, şäherdäki ýa-da şäher tipli posýolokdaky ýaşaýyş öýüni satyn almak-satmak şertnamasy, eger iň bolmanda taraplardan biri raýat bolanda hem notarial tertipde tassyklanyp, halk deputatlarynyň raýon, şäher sowetiniň ispolnitel komitetinde hasaba alynmalydygyna, oba ilatly punktyndaky ýaşaýyş öýüni satyn almak-satmak şertnamasynyň ýazmaça formada baglaşylmalydygyna hem-de halk deputatlarynyň oba sowetiniň ispolnitel komitetinde hasaba alynmaga degişli bolandygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Şeýle hem Türkmenistanyň RK-nyň (1963-nji ýyl neşiri) 47-nji maddasyna laýyklykda, geleşigi notarial tertipde tassyklamak diňe kanunda görkezilen halatlarda hökmandygy, notarial formanyň berjaý edilmezligi geleşikleriň hakyky bolmazlygyna getirip, şol Kodeksiň 48-nji maddasynyň ikinji böleginde göz öňünde

tutulan netijelere alyp barýandygyna, eger-de taraplaryň biri notarial tertipde tassyklanmagy talap edilýän geleşigi doly ýa-da kem-käsleýin ýerine ýetiren bolsa, beýleki tarap bolsa geleşigi notarial tertipde kadalaşdyrmakdan boýun gaçyrýan bolsa, kazyýet geleşigi ýerine ýetiren tarapyň talap etmegi boýunça geleşigi hakyky diýip hasap etmäge haklydygyna, şunda şol geleşikde kanuna ters gelýän başga hiç bir zat bolmasa şeýle edilip bilinýändigine, şeýle halatda geleşigi şondan soň notarial tertipde kadalaşdyrmak talap edilmeýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli (şunda fakty takyklamak baradaky arzalar, jedel bolan halatynda hak isleýiş tertibinde seredilmäge we faktyň takyklanylmagyna düşünmelidir).

4. Bir tarapyň gozgalmaýan zatlara eýeçilik hukugyny beýlekä geçirmek ýa-da ony edinmek borjuny üstüne almagy boýunça baglaşylan şertnama (satyn almak-satmak, sowgat etmek şertnamalary we ş.m.) notarial tertipde tassyklanylmaga degişlidir.

Bu görnüşi berjaý etmezden baglaşylan şertnama, eger ol Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawynda bellige alnan bolsa, hakykydyr.

Ýaşaýyş jaýyna hususy eýeçilik hukugyny edinmek we ony bes etmek üçin geleşik baglaşylmagy we onuň Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawynda bellige alynmagy zerurdyr. Geleşik notarial taýdan tassyklanylmaga degişlidir (Türkmenistanyň RK-nyň 210-njy, 228-nji, 347-nji maddalary).

Şu kararyň mazmunynda Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawy diýlende, Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanyndaky Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gullugynyň edaralaryna (mundan beýläk Gullugyň degişli ýerli edaralary) düşünilmelidir.

5. Satyn almak-satmak şertnamasyny resmileşdirmek, eýeçilik hukugynyň berilmegini notarial tertipde tassyklamak, Gullukda ýa-da onuň degişli edaralarynda bellige almak we munuň üçin zerur bolan resminamalary bermek boýunça çykdajylar, eger şertnamada başgaça görkezilmedik bolsa, gozgalmaýan emlägi satyn alyjynyň üstüne ýüklenilýär.

Gozgalmaýan emlägi ýa-da onuň bölegini satyn almak-satmak şertnamasy notarial tertipde tassyklanylandan soň, şertnamanyň Gullukda ýa-da onuň degişli edaralarynda bellige alynmagy zerurdyr.

Satyn almak-satmak şertnamasy boýunça gozgalmaýan emlägiň gymmatyna esaslanyp, bahasynyň dürli görnüşde kesgitlenmegi, şertnamanyň hakykylygyna ýa-da hakyky däldigine täsiriniň ýokdugyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli, çünki Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda, eýeçilik eldegrilmesiz bolup, hususy eýeçilik hukugy kanun bilen goralýar we her bir adamyň eýeçiliginde emläginiň bolmagyna, emlägine özbaşdak, şeýle-de beýleki şahslar bilen bilelikde eýelik etmäge, ondan peýdalanmaga we oňa ygtyýar etmäge haklydyr. Oňa görä-de satyjynyň (emläk eýesiniň) gozgalmaýan emlägini öz islegine görä islendik bahadan aýrybaşgalamaga hukugy bardyr.

Satyn almak-satmak şertnamasy boýunça gozgalmaýan emlägiň gymmaty, şertnamanyň baglaşylmagy we onuň bahasyny hasaplaşmakda ýüze çykýan jedeller her bir işiň aýratynlygyna laýyklykda kanunalaýyk çözülmäge degişlidir.

Gozgalmaýan emläk bilen bagly geleşiklerden gelip çykýan jedeller we olaryň tassyklanmagyna ýa-da tassyklanmagyndan ýüz dönderilmegine şikaýatlar emlägiň ýerleşýän ýeri boýunça kazyýetlere degişlidir.

6. Türkmenistanyň RK-nyň 197-nji maddasynda umumy eýeçiligiň kanun boýunça ýa-da geleşik esasynda ýüze çykýandygy, zat eýeleriniň her biri zady diňe ähli zat eýeleriniň peýdasy üçin talap edip almaga hukuklydygy, zat eýeleriniň her biriniň umumy eýeçilikdäki paýyny satyn almakda artykmaçlyk hukugynyň bardygy görkezilýär.

Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2023-nji ýylyň 9-njy awgustynda 1726 belgi bilen döwlet belligine alnan, Notarial hereketlerini amala aşyrmagyň tertibi hakynda düzgünnamanyň 55-nji bendinde, umumy paýly eýeçilige gatnaşyjynyň öz paýyny aýrybaşgalamaga hukugynyň bardygy, emma, onuň emläkdäki öz paýyny üçünji tarapa satan mahaly, umumy eýeçilige (paýa) beýleki gatnaşyjylaryň satylýan paýy satyn almaga artykmaç hukuklydygy, şunda notarius umumy paýly eýeçilige gatnaşyjynyň özüne degişli paýyny üçünji şahsa satýan mahaly satyjynyň ýazmaça görnüşde umumy eýeçilikdäki paýynyň satylýan nyrhyny we beýleki şertlerini görkezmek bilen, öz paýyny üçünji şahsa satmak meýli hakynda umumy paýly eýeçilige gatnaşyjylary habarly edendiginiň subutnamasy talap edilmelidir, şeýle ýagdaýda degişli paýyň geljekde satylmagy hakynda umumy paýly eýeçilige gatnaşyjylaryň habarly edilendiginiň subutnamasy bolup, "Notariat we notarial işi hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 106-njy maddasynda bellenen tertipde, satyjynyň özüne arza ýa-da umumy paýly eýeçilige gatnaşyjylaryň gozgalmaýan emlägiň satylýan paýyny satyn almaga artykmaç hukugyny amala aşyrmakdan boýun gaçyrmagy baradaky arzasyny (satylýan paýyň bahasyny we beýleki şertlerini görkezmek bilen) bermegi hakynda notariuslaryň şahadatnamasynyň hyzmat edip bilýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

Türkmenistanyň RK-nyň 1269-njy maddasynyň üçünji bölegine laýyklykda, şärikli mirasdar öz paýyna ygtyýar edende beýleki şärikli mirasdarlaryň satyn almakda artykmaçlyk hukuga eýediklerini, şol hukugyň iki aýyň dowamynda amala aşyrylmalydygyny we bu hukugyň hem miras boýunça geçip bilýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

7. Satyn almak-satmak şertnamasyny hakyky däl diýip bilmek ýa-da ýatyrmak baradaky hak islegler boýunça işe seredilende, gelinjek netije jedelleşilýän şertnamalaryň birnäçesiniň netijesinde ýüze çykan bolsa, onda birinji baglaşylan şertnamanyň ýatyrylmagy, soňky şertnamalaryň baglaşylmagyna getirýän emläge ygtyýar edijilik (gozgalmaýan emlägi satmaga bolan hukugy) hukugynyň satyjy tarapyndan ýitirilýändigini göz öňünde tutup, bildirilen talabyň çäginde ähli şertnamalary hakyky däl diýip bilmek ýa-da ýatyrmak baradaky mesele seredilmäge, şunda satyjylaryň we satyn alyjylaryň ählisi iş boýunça tarap hökmünde, jedeliň närsesi babatda özbaşdak talaplary bildirmeýän üçünji taraplaryň iş boýunça kazyýet kararynyň birinji basgançakly kazyýet tarapyndan kabul edilmegine çenli, eger ol taraplardan biri babatda olaryň hukuklaryna ýa-da borçlaryna täsir edip biljek bolsa, hak isleýjiniň ýa-da jogap berijiniň tarapynda işe girişip bilýändigine, olaryň işe gatnaşýan adamlaryň haýyşnamasy boýunça hem işe gatnaşmaga çekilip bilinýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Şeýle ýagdaýda bildirilen talap boýunça satyn almak-satmak şertnamasyndaky bahadan döwlet pajynyň tölenmegi ýeterlikdir we ilkibaşda baglaşylan satyn almak-satmak şertnamalary boýunça taraplaryň arasyndaky pul serişdeleri bilen bagly hukuklarynyň goralmagyny üpjün etmek maksady bilen kazyýetler tarapyndan Türkmenistanyň RIÝK-nyň 181-nji maddasynyň talaplaryna laýyklykda, degişli işleriň geçirilmelidigini kazyýetlere düşündirmeli.

Är-aýala degişli bolan bilelikdäki umumy emlägiň satylmagy bilen baglanyşykly satyn almak-satmak şertnamany hakyky däl diýip bilmek bilen bagly jedellere seredilende, emlägi satyn alyjynyň (alyjylaryň) şertnama baglaşmagy esasynda jedelli emläk barada eýeçiligiň üýtgänligi (birnäçe gezek üýtgemegi), iş boýunça jogap beriji we üçünji taraplar hökmünde işe gatnaşýandygyny, şunda jogap berijileriň işde ynsaply zat eýesi bolandyklary anyklanyp, jedelli emläk är-aýalyň bilelikdäki umumy emlägi diýip hasap edilen halatynda, şertnamany hakyky däl diýip bilmezden emläge bolan eýeçilik hukugy ykrar edilip, satylan emlägiň gymmaty boýunça hak isleýjä (taraplara) degişli bolan paýy kesgitlemäge we öndürip alyp bermäge kazyýetleriň hukuklydyklaryny düşündirmeli.

8. Sowgat etmek şertnamasy boýunça sowgat beriji sowgat berilýäniň razyçylygy bilen emlägi onuň eýeçiligine tölegsiz berýär.

Sowgat etmek şertnamasynyň esasy alamatlarynyň biri sowgat edilýän emlägiň sowgat alyja mugt berilmegi bolup duryandygy sebäpli, gozgalmaýan emlägi eýeçiligine alýan şahs tarapyndan islendik garşylyklaýyn emlägiň ýa-da başga bir görnüşli maddy gymmatlyklaryň berilmegi, hyzmatlaryň edilmegi gozgalmaýan emlägi sowgat etmek şertnamasyny ýüze çykarmaýandygyny kazyýetlere düşündirmeli, muňa Türkmenistanyň RK-nyň 564-nji maddasyna laýyklykda, sowgat etmekligiň umumy peýda (haýyr-sahawat) üçin amala aşyrylan ýagdaýynda kesgitlenýän şertler degişli däldir.

Käbir ýagdaýlarda, taraplaryň arasynda baglaşylan we sowgat etmek şertnamasy diýlip atlandyrylýan, ömürlik ekläp-saklamak şertlerinde gozgalmaýan emlägiň aýrybaşgalanmagy hakyndaky şertnamalary sowgat etmek şertnamasy diýip hasap edilmeýär. Olar aýratyn görnüşli ömürlik ekläp-saklamak şertnamasy diýlip atlandyrylýar (Türkmenistanyň RK-nyň XXX baby) we ömürlik ekläp-saklamak şertnamasy notarial taýdan tassyklanmaga degişlidir. Gozgalmaýan emlägiň sowgat berilmegi, emläk berlen pursatyndan sowgat etmek şertnamasy baglaşylan diýip hasap edilýär. Şertnama ýazmaça görnüşde düzülip, notarial tertipde tassyklanmalydyr we Gullukda ýa-da onuň degişli edaralarynda döwlet belligine alynmaga degişlidir. Şondan soňra gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugynyň ýüze çykýandygyna, eger-de şu talaplar berjaý edilmedik bolsa onda hak isleýiş arzasynyň Türkmenistanyň RIÝK-niň 261-nji maddasynyň birinji bölegine laýyklykda seredilmän galdyrylmaga degişlidigine kazyýetler üns bermelidirler.

9. Türkmenistanyň RK-nyň 561-nji maddasynyň ikinji böleginde, eger sowgat etmegiň närsesi bolan emläge hukuk diňe kanun bilen bellenilen görnüş berjaý edilende ýüze çykýan bolsa, sowgat etmek şertnamasy üçin bu görnüşini berjaý etmek hökmanydygy barada görkezilenlerden ugur alyp beýan edilmelidir. Şoňa görä-de, ýuridik ähmiýetli fakt hökmünde ýaşaýyş öýüň sowgat edilendiginiň

ýa-da satyn alnandygynyň-satylandygynyň fakty anyklanan halatynda, onuň gozgalmaýan emläge degişli bolýandygy sebäpli eýeçiligi ýüze çykarýan şertnamanyň notarial tertipde tassyklanandygynyň we Gullukda ýa-da onuň degişli edaralarynda bellige alnandygynyň faktlarynyň anyklanmagy hem hökmandyr.

10. Türkmenistanyň RK-nyň 561-nji maddasynyň üçünji bölegine laýyklykda, bir tarapyň-sowgat berijiniň beýleki tarapa-sowgat berilýäne geljekde sowgat etmäge borçlanýan şertnamasyny hem göz öňünde tutýandygy sebäpli, şonuň ýaly wada bermegiň sowgat etmek borçnamasyny döretmegi üçin wadanyň notarial tertipde tassyklanan bolmalydygyna kazyýetler üns bermelidirler. Şonuň bilen birlikde, sowgat etmek şertnamasynyň düýp mazmunyndan gelip çykyşyna görä, wadanyň amala aşyrylmagy sowgat alyjy tarapyndan haýsydyr bir garşylyklaýyn şertleriň berjaý edilmegi bilen bagly bolup bilmejekdigini kazyýetlere düşündirmeli.

11. Sowgat berýäniň eklenjindäkileriň ykdysady ýagdaýyny goramak maksady bilen, Türkmenistanyň RK-nyň 562-nji maddasynda sowgat etmegiň ýol berilmeýän ýagdaýlarynyň göz öňünde tutulandygyna hem üns berilmelidir. Gozgalmaýan emlägiň eýesi tarapyndan özüne eýeçilik hukugy esasynda degişli bolan emlägi eýeçiliginden aýyrmak erkini beýan edýändigine garamazdan, eger emlägi sowgat etmek sowgat berijiniň eklenjindäki şahslary ykdysady taýdan agyr ýagdaýa salýan bolsa, onda şol şahsyň emlägi sowgat etmäge haky ýokdur.

Ykdysady taýdan agyr ýagdaýa salmak diýlende - sowgat berilýän emlägiň eklençdäkileriň ýaşaýyşda eklenç, gazanç çeşmesi ýa-da ýeke-täk ýaşaýyş jaýy bolup, agzalan jaýyň sowgat berilmegi bilen bagly eklençdäkileriň maddy taýdan agyr ýagdaýa düşmegi ýagny, tölegli jaýda ýaşamagy, sowgat berlen jaýdan düýpli tapawutlanýan we şertleri pes bolan jaýlarda ýaşamagy we ş.m. düşünilmelidir. Bu sanaw gutarnykly däldir. Işiň anyk ýagdaýlary boýunça sowgat berijiniň niýeti boýunça ýalňyşmagy, ýagny has gowy ýaşaýyş jaýy edinmek maksady bilen ýalňyşmagy we ş.m sowgat etmek şertnamasyny ýatyrmaklyga esas bolup bilmez.

Gozgalmaýan emläk sowgat berlende kämillik ýaşyna ýetmedikleriň bähbitleriniň olaryň ata-eneleri ýa-da hossarlary tarapyndan goralýandygyndan ugur alyp, şertnama baglaşylanda kämillik ýaşyna ýetmedikleriň hukuklarynyň goralandygyna göz ýetirmek üçin hossarlyk we howandarlyk toparynyň razylygynyň alnandygyna, munuň şertnama baglaşmakda hökmany şert bolup duryandygyna kazyýetler üns bermelidirler (Türkmenistanyň Ýaşaýyş jaý kodeksiniň 35-nji maddasynyň dördünji bölegi).

12. Türkmenistanyň RK-nyň 565-nji maddasyna laýyklykda, sowgat berilýäniň gadyr bilmezligi zerarly sowgat etmegi ýatyrmak diýip, sowgat bermegiň eýýäm ýerine ýetirilen şertnamasynyň ýatyrylmagyna düşünilýär. Munuň üçin sowgat ediji ýa-da onuň ýakyn garyndaşlary babatda sowgat berleniň gadyr bilmezlik görkezmegi esas bolup biler. Sowgat etmek şertnamasynyň şertli baglaşylmagyna ýol berilmeýär.

Gadyr bilmezlik meselesi çözülende, kazyýetler her bir işiň anyk ýagdaýlaryndan ugur almalydyrlar. Meselem, sowgat berilýän tarapyndan sowgat edijiniň ýa-da onuň ýakyn garyndaşlarynyň janyna kast edilse ýa-da olaryň saglygyna bilkastlaýyn zyýan ýetirilse, şeýle hem sowgat beriji barada

ahlaksyzlykly, masgaralaýjy hereketler amala aşyrylyp, ol degişli tertipde tassyklanan bolsa (eýeçilik etmek, dolandyrmak bilen bagly beýlekiler muňa degişli däldir), onda bu hereketler gadyr bilmezlik diýip baha bermeklige esas bolup biler.

13. Türkmenistanyň RK-nyň 566-njy maddasyna laýyklykda, sowgat edilenden soň sowgat ediji agyr ýagdaýa düşse we ol özüni we özüniň eklenjindäki şahslary ekläp bilmese, ýagny onuň emläk, maşgala ýagdaýy ýa-da saglyk ýagdaýy onuň durmuş derejesiniň düýpli peselmegine getiren derejede üýtgän bolsa, onuň sowgat edilen zady – sowgady, eger zat hakykatdan bar bolsa, gaýtarmagy talap etmäge hukugy bardyr.

Eger sowgat beriji özüniň ýaramaz niýeti ýa-da gödek seresapsyzlygy sebäpli özüni we eklenjindäkileri ekläp bilmez ýaly derejede agyr ýagdaýa düşen bolsa, kanun zadyň yzyna talap edilip alynmagyna ýol bermeýär.

14. Satyn almak-satmak we sowgat etmek şertnamalary bilen baglanyşykly kazyýete hak isleýiş arzasy bilen ýüz tutulanda şertnamalary hakyky däl diýip ykrar etmek ýa-da ýatyrmak barada jedelleri bir-birinden tapawutlandyrmak zerurdyr, ýagny baglaşylanda kanunyň talaplaryna laýyk gelmeýän geleşikler hakyky däl hasaplanylýar. Hakyky däl geleşik hukuk netijesini döretmeýär, ýagny ol baglaşylan pursatyndan başlap hakyky däl hasaplanylýar. Haýsy geleşikleriň hakyky däldigi kanunda gös-göni göz öňünde tutulandyr.

15. Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 53-nji maddasynyň dördünji bölegine laýyklykda, är-aýalyň biri tarapyndan gozgalmaýan emläge ygtyýarlyk etmek boýunça geleşikleri we Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde notarial tertibinde tassyklanylmagyny we (ýa-da) bellige alynmagyny talap edýän geleşikleri amala aşyrmak üçin är-aýalyň beýlekisiniň razylygynyň alynmagy zerurdyr. Razylygyny bermäge mümkinçiligi bolmadyk äriniň (aýalynyň) arzadaky golunyň hakykydygyna notarial tertibinde güwä geçilen bolmalydyr. Görkezilen geleşigi amala aşyrmak üçin razylygy alynmadyk äri (aýaly) şeýle geleşigiň amala aşyrylandygy hakynda özüniň bilen ýa-da bilmeli bolan gününden başlap bir ýylyň içinde kazyýet tarapyndan geleşigiň hakyky däl diýlip ykrar edilmegini talap etmäge haklydyr.

Şeýle görnüşli işlere seredilende kazyýetler, hukugy bozulan äriň (aýalyň) şertnama barada jedel gozgamak hukugynyň ýüze çykan wagtynyň takyklanmagynyň möhümdigine üns bermelidirler.

16. Türkmenistanyň RK-nyň 79-njy maddasyna laýyklykda, kanunda bellenilen düzgünleriň bozulmagy bilen baglaşylan hem-de jemgyýetçilik bähbitlerine, ahlak kadalaryna garşy gelýän geleşik hakyky däldir.

Şol Kodeksiň 81-nji maddasyna laýyklykda, geleşige laýyk gelýän hukuk netijelerini döretmek niýeti bolmazdan, diňe göz üçin baglaşylan geleşik (ýalan geleşik) hakyky däldir. Eger ýalan geleşik başga geleşigiň üstüni ýapmak (galp geleşik) maksady bilen baglaşylan bolsa, onda üsti ýapylýan geleşige degişli düzgünler ulanylýar.

Göz üçin baglaşylan geleşik (ýalan geleşik) diýip – hukuk netijelerini döretmek niýeti bolmazdan, diňe göz üçin baglaşylan geleşiklere düşünilýär. Adatça bolşuna görä, şular ýaly geleşikleri baglaşanlarynda taraplar özleriniň bildiren erk-isleglerіniň amala aşyrylmazlygy barada ylalaşýarlar.

Şeýlelik bilen daşky görnüşine görä, taraplar erk-isleg bildirýärler we özlerini hakykatdan hem bildirilen erk-isleginiň amala aşyrmagyny isleýänler hökmünde alyp barýarlar. Ýöne hakykat ýüzünde olar geleşikden gelip çykmaly hukuk netijelerini gazanmaklyga ymtylmaýarlar. Bu geleşiklere onuň taraplarynyň özara ylalaşyga görä, üçünji şahslary ýalňyşdyrmak maksadyna eýermekleri mahsusdyr.

Galp geleşikler hem ýalan geleşikleriň bir görnüşi hökmünde çykyş edip biler. Emma galp geleşikleriň ýalan geleşiklerden, şeýle geleşik baglaşmak bilen, taraplaryň hakykat ýüzünde baglaşýan başga bir geleşiklerini ýaşyrmak, maksadyna eýerip baglaşýandyklaryny göz öňünde tutmak zerurdyr.

Eger-de şertnama kanunyň talaplaryna laýyklykda resmileşdirilip, soň taraplaryň arzasynda jedel ýüze çykan bolsa, onda olar şertnamany ýatyrmak barada hak isleýiş arzasy bilen kazyýete ýüz tutup bilerler.

17. Şertnama talaplary boýunça hak isleýiş wagtynyň möhleti üç ýyldyr, gozgalmaýan zatlar bilen baglanyşykly bolan şertnama talaplary boýunça bolsa alty ýyldyr. Sowgat edilýäniň gadyr bilmezligi netijesinde sowgat bermek şertnamasynyň ýatyrylmagy belli bir wagtyň geçmegi bilen borçlandyrylandyr. Sowgat etmek şertnamasynyň ýatyrylmagyna esas bolup biljek ýagdaýlar ýüze çykarylan pursatyndan başlap, şertnamany ýatyrmak bir ýylyň dowamynda mümkindir, hak isleýiş wagtynyň umumy möhleti sowgadyň gozgalmaýan emläge degişliligi boýunça çözülmelidir.

18. Satyn almak-satmak we sowgat etmek şertnamalary emläk bilen baglanyşykly jedel bolandygy we eýeçilik hukugynyň goraglylygy bilen baglydygy sebäpli, kazyýete hak isleýiş arzasy bilen ýüz tutulanda döwlet pajy baradaky meselä Türkmenistanyň raýat iş ýörediş kanunçylygyna laýyklykda seredilmäge degişlidigine, şunda hak isleginiň bahasy talap edilýän emlägiň hakyky gymmatyna göz-görtele laýyk gelmedik ýagdaýynda kazy tarapyndan kesgitlenýändigine, şertnamalarda görkezilen bahalaryň hakykata laýyk gelmeýändigine şübhe dörän ýa-da onuň gymmaty babatda jedel ýüze çykan halatynda bilermenler seljermesini bellemek bilen emlägiň bahasyny kesgitlemegiň mümkindigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

19. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň raýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri satyn almak-satmak we sowgat etmek şertnamalaryndan gelip çykýan gozgalmaýan emläk jedelleri bilen bagly işlere dogry seredilmegini üpjün etmek we raýatlaryň eýeçilik hukuklarynyň, şeýle hem döwletiň we jemgyýetiň kanun tarapyndan goralýan bähbitleriniň bozulmagyna getirýän ýalňyşlyklary aradan aýyrmak üçin çäreler görmelidirler.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy B.Hojamgulyýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy G.Ýegenmämmedowa

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ KARARY № 7

2024-nji ýylyň 19-njy oktýabry Aşgabat şäheri

Ipoteka we paýly gurluşyk şertnamalaryndan gelip çykýan jedeller boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda

(25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň karary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Ipoteka we paýly gurluşyk şertnamalaryndan gelip çykýan jedeller bilen baglanyşykly işlere seredilende, kazyýetler tarapyndan kanunçylygyň birmeňzeş we dogry ulanylmagyny üpjün etmek hem-de kazyýet iş tejribesinde kanunçylygy ulanmakda ýüze çykýan meseleler boýunça ugrukdyryjy düşündirişleri bermek maksady bilen, "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Plenum

KARAR EDÝÄR:

1. Ipoteka we paýly gurluşyk şertnamalary bilen bagly, şertnamalary hakyky däl diýip ykrar etmek, şol şertnamalary ýatyrmak, şeýle görnüşli şertnamalar esasynda tölenen pul möçberlerini gaýtarmak ýa-da paýlaşmak, şertnamanyň şertleri hakynda, şertnamalaýyn borçnamalaryň ýerine ýetirilmegi hakynda, şeýle hem şertnamalaryň birtaraplaýyn ýatyrylmagy bilen bagly jedelleriň bolup biljekdigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

2. Ipoteka we paýly gurluşyk şertnamalaryň Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň (mundan beýläk Türkmenistanyň RK-nyň), "Ýaşaýyş jaýlarynyň we gozgalmaýan emläge degişli başga obýektleriň paýly gurluşygy hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň we beýleki kanunçylyk namalarynyň esasynda baglaşylyp bilinýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

3. Ipoteka diýlende, gozgalmaýan emläge bolan hukugyň, gozgalmaýan zat talaby üpjün etmek üçin girew goýulmagyna düşünilýär. Şunda girew goýulýan zat girew girew berijide ýa-da üçünji bir adamda (tarapda) galýar ("Girew hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 39-njy maddasy). Ýagny, talaby üpjün etmek maksady bilen, gozgalmaýan zat öz peýdasyna berlen şahsyň, geljekde karzy gaýtarmak barada bolup biljek talabyny kanagatlandyrmak hukugynyň üpjün edilmegine düşünilýär.

Ipoteka şertnamasy boýunça, karz alyjy (ipotekany goýujy) tarapyndan bergi doly hasaplaşylmasa, karz alyjynyň karz serişdeleriniň gaýtarylmagynyň üpjünçiligi hökmünde ipoteka goýlan gozgalmaýan emlägi aýrybaşgalamak bilen bagly eýeçilik hukugyny amala aşyryp bilmeýändigini, şol gozgalmaýan emlägiň gadaganlykda duryandygyny, şonuň bilen baglylykda hem kazyýetlerde ipoteka

şertnamasyndan gelip çykýan, gozgalmaýan emläkler bilen bagly (jaýy bölmek, eýeçilik hukugyny ykrar etmek we ş.m.) jedelleriň seredilmäge degişli däldigini kazyýetlere düşündirmeli.

Eger ipoteka şertnamasynyň hereket edýän döwründe jaýyň eýesi aradan çykan halatynda, onda umumy eýeçilige degişli bolan miras emlägiň notarial tertipde ýa-da hakykat ýüzünde kabul edilenden soň, onuň mirasyň ýüze çykýan gününden mirasdaryň (mirasdarlaryň) eýeçiligi hasaplanýandygyna, ýöne şeýle ýagdaýda miras alnan gozgalmaýan emlägiň ipoteka şertnamasy boýunça karzy gaýtarmaklygyň esasy üpjünçiligi bolup duryandygyna we karz serişdeleri gaýtarylmasa, emläge doly eýeçilik hukugynyň (aýrybaşgalamagyň) amala aşyrylyp bilinmeýändigine, ýöne muňa gozgalmaýan emläk üçin karz boýunça bergi bilen birwagtda ipoteka goýlan emläge bolan eýeçilik hukugynyň başga birine geçirilen halatlarynyň degişli däldigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

4. Gozgalmaýan emlägiň hasabyna talaby kanagatlandyrmak düzgünleri, ýagny talabyň bölekleýin ýa-da dolulygyna kanagatlandyrylmagy barada ipoteka şertnamasynda görkezilen bolmalydyr. Eger taraplaryň arasynda talabyň aňrybaş möçberi kesgitlenen bolsa, onuň hakyky bolmagy üçin ol Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawynda (mundan beýläk – Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawy) bellige alynmalydyr. Bergidar gaýtarylmagy gozgalmaýan emläk bilen üpjün edilen karz şertnamasy boýunça bergisini şertnamada, şol sanda onuň goşundylarynda kesgitlenen tertipde we möhletlerde yzyna gaýtarmalydyr.

Karzyň gaýtarylmagynyň üpjünçiligine berlen ipotekanyň şol emlägiň eýesi bilen algydaryň (kreditoryň) arasynda ylalaşygyň bolmagynda başga bir gozgalmaýan emläk bilen çalşyrylmagyna ýol berilýändigine we şeýle ylalaşygyň Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawynda bellige alynmagynyň hökmanydygyna kazyýetler üns bermelidirler.

Çalşyrylýan gozgalmaýan emlägiň gymmatynyň, ipoteka şertnamasy boýunça alnan karz serişdeleriň möçberini we kanunda göz öňünde tutulan göterimleri bilen tölegi gaýtarmaklyga (tölemeklige) mümkinçilik berýändigine üns berilmäge degişlidir.

5. Ipoteka şertnamasyny baglaşmagyň aýratynlyklary barada aýdylanda, umumy eýeçilikde bolan emläk bilen bagly ipoteka şertnamasy baglaşylanda, umumy eýeçiligiň esasy iki görnüşden: bilelikdäki umumy eýeçilik (zat eýeleriniň her haýsynyň hususy eýeçilikde paýlary kesgitlenmedik halaty) we paýly umumy eýeçilik (görkezilen paýlaryň kesgitlenen halaty) görnüşlerinden ybarat bolýandygyny kazyýetlere düşündirmeli.

Bilelikdäki umumy eýeçilikde bolan emläk barada ipoteka şertnama baglaşylanda, umumy eýeleriň razyçylygy zerurdyr we ol kanunda bellenilen tertip berjaý edilip tassyklanan, ýazmaça görnüşdäki arzalary bilen resmileşdirilen bolmalydyr.

Paýly umumy eýeçilikde bolan emläk barada ipoteka şertnama baglaşylanda, paýly eýe özüne degişli bolan paýyny beýlekileriň razyçylygyny almazdan girewe goýup bilýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

Algydaryň (kreditoryň) talaby boýunça berginiň öwezi girew goýujynyň umumy eýeçilikdäki gozgalmaýan zada bolan paýynyň hasabyna dolunýan halatynda, beýleki zat eýeleriniň (bergidardan galanynyň) bergidaryň umumy eýeçilikdäki gozgalmaýan zada bolan paýyny satyn almakda artykmaçlyk hukugynyň bardygyny kazyýetlere düşündirmeli (Türkmenistanyň RK-nyň 197-nji maddasy).

6. Eger ipotekanyň bellenilen pursadyna çenli talap kesgitlenip bilinjek bolsa, onda ipoteka geljekki ýa-da şertli talap barasynda bellenip bilner. Şoňa görä-de, gurluşyk boýunça talaba degişli tölegiň tertibi şertnama goşulan bolsa, talap kesgitlenip bilner we ipotekanyň bellenilmegine esas bolar. Bu ýagdaýda geljekki ýa-da şertli talap bilen esaslandyrylan ipoteka şertnamasy, geljekde bir tarapda gozgalmaýan emläge bolan eýeçilik hukugynyň beýleki tarapda bolsa şol emlägi girew hökmünde peýdalanmak hukugynyň ýüze çykyp biljekdigini kepillendirýär.

Şoňa görä-de, ipoteka şertnamasyna gatnaşyjylaryň (obýekti gurujy, müşderi we karz edarasy) arasynda üç taraplaýyn şertnama baglaşylmagy zerurdyr we şertnamada taraplaryň hukuklary hem-de borçlary, ipoteka şertnamasynyň umumy bahasy anyk bellenilmelidir. Has takygy, gurujy ýaşaýyş jaýyny ýa-da öýüni şertnamada görkezilen bahada we möhletde gurup berjekdigine, müşderi gurluşygyň obýektini bellenilen tertipde kabul etjekdigine, karz edarasy bolsa, şertnamada görkezilen tertipde gurluşyk üçin müşderiniň töleg hasabyna ýeterlik karz berjekdigine borçlanmalydyr. Şunda karz edarasy, müşderi tarapyndan gurujynyň karzy maksatly ulanşyna gözegçiligi amala aşyrmaga hukuklydyklaryna, gurujynyň hem öz borçlaryny şertnamanyň çäklerinde ýerine ýetirmäge borçly bolup durýandygyna kazyýetler üns bermelidirler.

7. Ipoteka şertnamasynyň Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawynda bellige alynmagy bilen ýüze çykýandygyna kazyýetler üns bermelidirler we diňe şondan soň ipoteka goýlan emläge degişlilikde hukuk gatnaşyklary (talap bildirmek hukugy) ýüze çykyp biler.

Ipotekanyň döwlet bellige alynmagy toplanan resminamalar notarial tertipde tassyklanandan soň geçirilýär. Ipoteka şertnamasy boýunça algydaryň talaby ipotekanyň obýektine degişlilikde bolmalydyr we ol şertnamalaýyn gatnaşyklara esaslanmalydyr. Algydaryň talaby ipoteka goýlan zadyň gymmatyna bagly bolýandygyna üns berilmelidir. Şoňa görä-de, talap ipoteka goýlan emläk bilen kepillendirilýär. Ipotekanyň uly möçberi diňe kepillendirilen ipotekalar boýunça bolup biler.

Kepillendirilen möçberi diýlende, ipoteka goýlan zadyň möçberiniň ipoteka üçin kanagatlanarly bolmagyna we onuň möçberini azaldýan başga talap bilen bagly bolmazlygyna düşünilýändigine üns berilmelidir.

8. Gozgalmaýan emlägi birnäçe gezek ipoteka karzyny üpjün etmegiň serişdesi hökmünde ulanyp bolýandygyny, şunda gozgalmaýan emlägiň gymmatynyň azyndan ipotekanyň (şol sanda birnäçe ipoteka şertnamasy boýunça ýüze çykyp biljek borçnamalaryň (esasy bergi, göterimler, puşmana tölegleri we ş.m.) möçberine laýyk ýa-da ondan ýokary bolmalydygyny kazyýetlere düşündirmeli. Şunda ipoteka karzy gaýtarmaklygyň möhletiniň we tertibiniň şertnamanyň (şertnamalaryň) özünde göz öňünde tutulýandygyna, şol tertibe laýyklykda hem

ipoteka şertnamasy boýunça karzy gaýtarmagyň nobatlylyk esasynda amala aşyrylmaga degişli bolýandygyna, şonuň bilen birlikde, gozgalmaýan emläk birnäçe ipoteka şertnamalary boýunça karzy gaýtarmagyň üpjünçiligine goýlan ýagdaýynda, gozgalmaýan emlägi bergä gönükdirmegiň nobatlylygyny kesgitlemekde şertnamalaryň Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawynda bellige alnan wagtyndan ugur alynmalydygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Gozgalmaýan emläk birnäçe ipoteka şertnamasynyň üpjünçiligi hökmünde girewe goýlan halatynda, möhleti gelen ipoteka şertnamasy beýleki bir ipoteka şertnamasynyň ýerine ýetirilmegine getirýän bolsa, onda möhleti gelen ipoteka şertnamanyň hasabyna möhleti gelmedik ipoteka şertnamasynyň talabynyň hem degişli algydaryň razyçylygy bilen kanagatlandyrylyp bilinýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

Şeýle-de möhleti gelmedik ipoteka şertnamasynyň algydary özüniň talabynyň kanagatlandyrylmagyna razyçylygyny bermedik ýagdaýynda, gozgalmaýan emlägiň hasabyna, eger muňa hakykat ýüzünde mümkinçilik bar bolan halatynda, onuň bir böleginiň hasabyna möhleti gelen ipotekanyň kanagatlandyrylyp bilinýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

9. Birnäçe gozgalmaýan emläkler bir ipoteka şertnamasynyň üpjünçiligi hökmünde girewe goýlan halatynda we ipoteka birnäçe gozgalmaýan emläge degişli edilende, algydar özüniň makul bilşine görä, aýratynlykda alnan her bir gozgalmaýan emlägiň hasabyna özüniň talabyny doly ýa-da bölekleýin kanagatlandyrmaklygy talap edip bilýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

10. Eger gozgalmaýan emlägiň eýesi, gozgalmaýan emläk üçin karz boýunça bergi bilen bir wagtda girew emlägine bolan eýeçilik hukugyny üçünji şahsa geçirmek bilen ipotekany bes etse, onda soňky baglaşylan ipoteka şertnama (bergini başga birine geçirilmegi hakynda şertnama boýunça) notarial tertipde tassyklanmaga we degişli gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugynyň Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawynda täze eýesiniň adyna bellige alynmaga degişlidigine kazyýetler üns bermelidirler.

11. Bankdan alnan karzyň hasabyna gurujynyň hasaplaşyk hasabyna tölegiň doly geçirilmegi we gozgalmaýan emläge (ýaşaýyş jaýa, öýe we beýleki gozgalmaýan emläge) bolan eýeçilik hukugynyň kanunda bellenilen tertipde resmileşdirilmegi bilen ipoteka şertnamasy boýunça satyn alnan gozgalmaýan emläge (ýaşaýyş jaýa, öýe we beýleki gozgalmaýan emläge) eýeçilik hukugy ýüze çykýar.

Eger ipoteka şertnamasy (nikaly döwri baglaşylan bolsa) boýunça emele gelen bergi, (karzy gaýtarmak borjy) doly tölenmänkä är-aýalyň nikasy bozulsa, onda şertnama boýunça edinilen gozgalmaýan emlägiň umumy eýeçilige degişli bolup duryandygyna, şonuň bilen birlikde nika bozulmazyndan ozal, şertnama boýunça gaýtarylan (tölenilen) karz serişdeleriniň möçberiniň hem är-aýalyň umumy eýeçiligine degişli bolup duryandygy üçin, nikany bozan är-aýalyň umumy eýeçiligi (gaýtarylan karz serişdesiniň möçberini ýa-da gozgalmaýan emlägi) bölmek barada hak isleýiş arzasy bilen kazyýete ýüz tutmaga hukugynyň bardygyna üns berilmelidir.

Taraplaryň her biriniň ipoteka şertnamasy boýunça jaýa (öýe) umumy eýeçilik hukugynyň (1/2 bölek) bardygy sebäpli, şertnama boýunça tölenilmän galan bergi baradaky mesele çözülende, kazyýetler berginiň Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 59-njy maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda paýlanylmaga (bölünmäge) degişli bolýandygyna üns bermelidirler.

Eger döwlet edarasy (ýagny iş beriji) tarapyndan özünde işleýän är-aýalyň birine ýaşaýyş jaýy ýeňillikli bahadan satylyp, jaýyň bahasynyň belli bir bölegi döwletiň hasabyna tölenip baglaşylan ipoteka şertnamasy boýunça, nikasy bozulan är-aýalyň arasynda agzalan emläk bilen bagly jedel ýüze çykan halatynda hem ýokarda görkezilen ýagdaýlardan ugur alynmaga degişlidir.

12. Ipoteka şertnamasy esasynda gurlan jaý ýa-da öý kanunda gadagan edilen usul bilen edinilen emläk hökmünde muzdsuz alnan halatynda, "Ýerine ýetiriş önümçiligi we kazyýet ýerine ýetirijileriniň hukuk ýagdaýy hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 71-nji maddasynyň birinji bölegine laýyklykda, emlägi muzdsuz almak barada kazyýetiň hökümi ýerine ýetirilende bergidaryň emlägini ýerlemek iş kesileniň emlägini deslapky derňew edaralarynyň ýa-da kazyýetiň gozgamasyz etmekden öň ýüze çykan we bergidara bildirilen ähli talaplar, şol sanda ipoteka şertnamasy boýunça karz serişdeler kanagatlandyrylandan soň amala aşyrylýandygyna kazyýetler üns bermelidirler. Şu düzgüniň berjaý edilmezligi jedelleriň ýüze çykmagyna we döwlet býujetine geçirilen pullaryň gaýtarylmagyna getirýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

13. Paýly gurluşyk diýlende, ýaşaýyş jaýlarynyň, öýleriň we (ýa-da) beýleki gozgalmaýan emlägiň gurluşygy üçin, gurujylar tarapyndan paýçylaryň pul serişdelerini çekmek arkaly olara gurup berilmegine we şol gatnaşyklaryň paýçylar bilen gurujylaryň arasynda baglaşylan şertnama esaslanýandygyna düşünmek bolar.

Paýly gurluşyk bilen baglanyşykly jedellere seredilende şertnamada şertnamanyň taraplarynyň hukuklarynyň hem-de borçlarynyň kanuna laýyklykda beýan edilişinden, hukuklaryň amala aşyrylmagyndan we borçlaryň sap ýüreklilik bilen ýerine ýetirilişinden ugur alynmalydyr. Bu düzgüniň berjaý edilmeginiň jedeliň kanuny çözgüdine täsir edip bilýändigine üns berilmelidir.

14. Paýly gurluşyga paýçy bolup diňe Türkmenistanyň raýatynyň gatnaşyp bilýändigine üns berilmelidir. Paýçy diýip – "Ýaşaýyş jaýlarynyň we gozgalmaýan emläge degişli başga obýektleriň paýly gurluşygy hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasynyň 3-nji bendinden ugur alynmalydyr.

Paýly gurluşygyň obýekti aýratyn durýan sosial-medeni, administratiw, durmuş, söwda önümçilik maksatly obýektleriň aýratyn bölegi, şeýle hem köp öýli ýaşaýyş jaýynda gurlan sosial-medeni, administratiw, durmuş we söwda maksatly ýa-da onuň aýratyn bölegi bolup durýan paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasy boýunça paýçylar bolup, diňe ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki şahslar we Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döredilen ýuridik şahslar çykyş edip bilerler. Diýmek, şol paýly gurluşyga raýatlygyna garamazdan, Türkmenistanda hemişelik ýaşap, ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki şahslar ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, döredilen ýuridik şahslar hem gatnaşyp bilerler ("Telekeçilik işi hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 3-nji maddasy).

15. Paýly gurluşyk şertnamasynyň hakyky däl diýip bilinmegine ony esaslandyrýan resminamalaryň hakyky bolmazlygy we oňa gatnaşýanlaryň şahsyýetiniň bildirilýän talaba laýyk gelmezligi, şonuň ýaly-da raýat kanunçylygynda bellenen beýleki düzgünleriniň bozulmagy bilen baglaşylmagynyň esas bolup bilýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Paýly gurluşygyň obýekti öý bolup durýan paýly gurluşygyň şertnamasyna paýçy bolup Türkmenistanda hemişelik ýaşamaýan ýa-da on sekiz ýaşyny doldurmadyk Türkmenistanyň raýaty ýa-da Türkmenistanyň raýaty bolmadyk adam gatnaşsa;

ýa-da paýly gurluşygyň obýekti bolup çykyş edýän aýratyn durýan sosial-medeni, administratiw, durmuş, söwda önümçilik maksatly obýektleriň aýratyn bölegine, şeýle hem köp öýli ýaşaýyş jaýynda gurlan sosial-medeni, administratiw, durmuş we söwda maksatly obýektleriň ýa-da onuň aýratyn bölegine paýçy bolup ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanmaýan fiziki şahs ýa-da daşary ýurt döwletiniň ýuridik şahsy gatnaşsa - bu hukuk gatnaşyklarynyň kanunyň talabyna garşy gelýändigi üçin baglaşylan şertnama hakyky däl diýip ykrar edilip bilinýändigini, çünki kanunda bellenen kadalaryň bozulmagy bilen baglaşylan geleşikleriň hakyky däldigini (Türkmenistanyň RK-nyň 79-njy maddasy) kazyýetlere düşündirmeli.

Paýly gurluşyk şertnamasynyň hakyky däldigi barada jedel ýüze çyksa, oňa diňe kazyýet tarapyndan seredilip bilner.

16. Eger gurujy tarapyndan:

paýly gurluşygyň obýektiniň tabşyrylmagyna degişli şertnamada görkezilen borçnama möhletinden üç aý geçýän möhletde ýerine ýetirilmese;

paýly gurluşyk boýunça ýüze çykarylan kemçilikleri düzedilmese;

paýly gurluşygyň hiline bildirilýän talaplar bozulsa;

paýly gurluşygyň obýektiniň düzümine girýän, gozgalmaýan emläge degişli gurulýan obýektiň taslama resminamalary, şeýle hem paýly gurluşygyň obýektiniň möçberi üýtgedilse;

paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasynyň başga şertleri berjaý edilmese, paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasy paýçynyň talaby boýunça ýatyrylyp (bozulyp) bilner.

Paýly gurluşygyň şertnamasy boýunça paýly gurluşygyň obýektine geçirmeli pul serişdeleriniň töleginiň tertibi on iki aýyň dowamynda iki gezekden köp bozulsa ýa-da paýly gurluşygyň obýekti üçin tölegiň hasabyna pul serişdeleriniň geçirilmeginiň bellenen töleniş möhleti iki gezek geçirilende gurujynyň talaby boýunça gurluşyga gatnaşmak şertnamasy ýatyrylyp bilner.

Şol esaslar boýunça şertnama ýatyrylandan soň gurujy ýigrimi iş günüň dowamynda paýça tölän puluny gaýtarmalydyr, şeýle edilmedik halatynda gurujy, eger şertnamada görkezilen bolsa, puşmana tölegini tölemäge borçludyr.

Ýokarda görkezilen ýagdaýlarda, şertnamanyň ýatyrylmagyna kanuny esas bolan halatynda taraplar onuň birtaraplaýyn ýatyrylmagyny talap edip bilerler we ol barada beýleki tarapa mälim edýärler. Eger şertnamanyň ýatyrylmagy bilen baglanyşykly meseleler boýunça jedel ýüze çyksa ýa-da beýleki tarap onda görkezilenler bilen ylalaşmasa, jedel kazyýetde seredilip bilner.

17. Eger paýçy tarapyndan paýly gurluşygyň şertnamasynda bellenilen pul serişdelerini geçirmek möhletini bozmagy bilen baglanyşykly şertnama ýatyrylsa, paýçy Türkmenistanyň raýat kanunçylygyna laýyklykda paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasynda kesgitlenen möçberde puşmana tölegini tölemelidir.

Beýan edilen ýagdaýlar bilen baglanyşykly jedel ýüze çyksa, ol kazyýetde seredilmelidir we işe taraplardan (hak isleýjiden we jogap berijiden) başga-da, jedeliň çözgüdine gyzyklanýan üçünji tarap hem gatnaşyp biler.

18. Kazyýetler, paýly gurluşygyň amala aşyrylmagy bilen baglanyşykly gurujynyň we paýçynyň öz üstlerine ýüklenen borçlaryny ýerine ýetirmekleri we gurluşyga degişli düzgünleriň berjaý edilmegine degişli meseleler boýunça ýüze çykýan jedellere seredilýändigine üns bermelidirler. Şunda är-aýalyň paýly gurluşyga gatnaşmaklary we umumy eýeçiligi döretmekleri barada özara jedelleri paýly gurluşyga gatnaşmaklyga degişli bolmaýandygy sebäpli, aýratynlykda seredilip bilner.

Jedelli meselä seredilende kanunyň we kanunçylygyň düzgünlerine garşy gelmeýän şertnamada görkezilenleriň berjaý edilişinden ugur alynmalydyr we gelnen netije şolara laýyklykda bolmalydyr.

19. Paýly gurluşyk şertnamasy boýunça gurluşygyň öz wagtynda gurulyp gutarylmalydygyna we şertnamada görkezilişi ýaly ýerine ýetirilmelidigine aýratyn üns berilmelidir. Türkmenistanyň RK-nyň 427-nji maddasynyň birinji bölegine laýyklykda, eger şertnamadaky taraplaryň biri ikitaraplaýyn şertnamadan gelip çykýan borçnamalary bozýan bolsa, onda beýleki tarap borçnamany ýerine ýetirmek üçin özüniň bellän goşmaça möhleti netijesiz geçenden soň şertnamadan ýüz dönderip bilýändigine üns berilmelidir. Bu düzgüniň berjaý edilmegi taraplar üçin hökmanydyr.

Raýat kanunynda bellenen şu düzgünlere esaslanýan “Ýaşaýyş jaýlarynyň we gozgalmaýan emläge degişli başga obýektleriň paýly gurluşygy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 20-nji maddasynyň ikinji bölegine laýyklykda, eger paýly gurluşyk öz wagtynda tamamlanyp bilmejek bolsa, gurujy şol möhlet geçmeginden iki aý öň paýça degişli maglumatlary we paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasyny üýtgetmek hakynda teklibi ýazmaça görnüşinde hökmany tertipde bermelidir. Şol möhletden soň hem gurluşyk üç aý möhletde tamamlanmasa, paýçynyň talaby boýunça şertnama ýatyrylyp bilner, jedel ýüze çykan halatynda bolsa meselä kazyýetde seredilip bilner. Şoňa görä-de, paýly gurluşygyň şertnamasynda kanunyň düzgünleriniň dogry bellenilen bolmagyna we onuň berjaý edilmegine üns berilmelidir.

20. Kanunçylyga laýyklykda, är-aýal tarapyndan nikaly döwründe edinilen emlägi (pul we gymmatly kagyzlary hem goşmak bilen, gozgalmaýan we gozgalýan zatlary) är-aýalyň haýsysyna satyn alnandygyna, ýa-da pul serişdeleriniň är-aýalyň haýsysyna ýa-da haýsysy tarapyndan harç edilendigine garamazdan, olaryň bilelikdäki umumy eýeçiligi bolup durýar (Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 52-nji maddasynyň birinji bölegi).

Paýly gurluşyga gatnaşmak şertnamasyny baglaşandan soň raýat nika baglaşyp, nikaly döwri är-aýal tarapyndan paýly gurluşyga gatnaşmak şertnamasy boýunça belli bir möçberde tölegler geçirilip, soňra paýly gurluşyk şertnamasy

boýunça jaýa (öý, bina) eýeçilik hukugy ýüze çykmanka nikanyň bozulan ýagdaýynda, adyna paýly gurluşyk şertnamasy resmileşdirilmedik, nikany bozan tarapyň diňe nikaly döwri tölenen tölegler barada jedel gozgap biljekdigini kazyýetlere düşündirmeli.

21. Gozgalmaýan emlägi edinmek üçin paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasy baglaşylyp, gurluşyk işleri we tölegler geçirilip başlanandan soň, är-aýal nikany bozan we nikanyň bozulandygy RÝNÝ edarasynda bellige alnan bolsa, şondan soň dowam eden gurluşygyň degişlilikde nikasyny bozan är-aýalyň biriniň hasabyna amala aşyrylýandygy sebäpli, şol gymmatlyklar umumy eýeçilik hasap edilip bilinmez, muňa nikasy bozulan är-aýalyň paýly gurluşygy bilelikde dowam etdirmek hakynda şertnama baglaşan halatlary degişli däldir.

Paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasynyň är-aýalyň haýsy-da bolsa biriniň adyna resmileşdirilendigine garamazdan, nikanyň bozulan halatynda paýly gurluşyga gatnaşmak hukugyna olaryň ikisiniň-de eýe bolýandyklary sebäpli, olar gurluşyga paýly gatnaşmak babatda goşmaça şertnama baglaşmalydyrlar (Türkmenistanyň RK-nyň 197-nji maddasynyň birinji bölegi) we paýly gurluşygyň şertnamasyna degişli üýtgetmeler girizilmelidir. Bu mesele boýunça dörän jedel kazyýet tertibinde seredilip bilner.

Eger-de nikasy bozulan är-aýal, gurluşyga paýly gatnaşmak babatda goşmaça şertnama baglaşmadyk bolsalar, paýly gurluşyk şertnamasy boýunça töleginň tölenmedik bölegini tölän tarapda gozgalmaýan emläge (jaýa ýa-da öý) eýeçilik hukugyň ýüze çykýandygyna, ýagny şu ýagdaýlarda öňki är-aýalyň arasynda olaryň nikaly döwründe gozgalmaýan emläge eýeçilik hukuklaryny edinmändikleri sebäpli, umumy eýeçilik hukugyndan gelip çykýan jedelleriň (umumy eýeçiligi ýatyrmak, paýy kesgitlemek, fakty takyklamak, hakyky özlügi görnüşinde bölmek we ş.m.) seredilmäge degişli däldigine kazyýetler üns bermelidirler.

Gurluşyga är-aýalyň nikaly döwründe eden tölegleri, är-aýalyň umumy eýeçiligine degişli bolýandygy üçin, nikany bozan är-aýalyň diňe tölenen serişdäniň möçberini bölmek ýa-da talap edip almak barada hak isleýiş arzasy bilen kazyýete ýüz tutmaga hukugynyň bardygyna kazyýetler üns bermelidirler.

22. Türkmenistanyň RK-nyň 1131-nji maddasyna laýyklykda, miras galdyryjynyň (öleniň) emläk hukuklarynyň, şeýle hem onuň borçlarynyň miras emlägini düzýändigi sebäpli, paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasyna laýyklykda, paýly gurluşyga gatnaşan adamyň geçiren töleginiň hem miras emlägini düzýändigini, ýöne şunda miras galdyryjyda ölmezinden öň gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugynyň ýüze çykmandygyny kazyýetlere düşündirmeli.

Paýly gurluşyga gatnaşmak üçin şertnama baglaşan är-aýalyň biri ölen halatynda, şol şertnamanyň gozgalmaýan emlägi edinmäge gönükdirilendigi we paýly gurluşyga gatnaşmak hukugynyň olaryň (är-aýalyň) ikisine-de deň derejede degişlidigi (umumy emlägiň edinilmegi) sebäpli, diri galan äri (aýaly) şertnamalaýyn gatnaşyklary dowam etdirmek hukugyna eýe bolýar hem-de paýly gurluşyga gatnaşmak hakyndaky şertnama degişli üýtgetmeleriň girizilmegini talap edip biler. Şeýle ýagdaýda beýleki mirasdarlaryň diňe mirasdan, ýagny geçirilen tölegden özüne degişli miras paýy pul görnüşinde, miras galdyryjynyň ýerine paýly gurluşyga gatnaşyjy ärinden (aýalyndan) ýa-da eger olar bolmadyk halatynda,

beýleki paýly gurluşyga gatnaşyjy mirasdardan talap edip bilýändiklerine kazyýetler üns bermelidirler.

Eger-de paýly gurluşyga gatnaşmak barada mirasdarlaryň biri bilen goşmaça şertnama baglaşylýan bolsa, onda beýleki mirasdarlaryň özara ylalaşygyň bolmagynyň zerurdygyna ýa-da mirasdan ýüz dönderendikleriniň degişli tertipde tassyklanan bolmagynyň hökmandygyna kazyýetler üns bermelidirler.

Eger-de paýly gurluşygy dowam etmek ýa-da oňa gatnaşmak barada goşmaça şertnama baglaşmak boýunça mirasdarlaryň arasynda ylalaşyga gelinmedik bolsa, onda öleniň paýly gurluşyga gatnaşmagy bilen baglanyşykly tölän tölegi gurujy tarapyndan mirasdarlara miras paýlaryna laýyklykda gaýtarylyp berilmelidir. Soňra şertnama gurujy tarapyndan paýly gurluşyga gatnaşyjynyň ölendigi sebäpli ýatyrylmaga degişlidir.

23. Paýly gurluşyk hakynda şertnama taraplaryň haýsysynyň günäsi bilen bozulan bolsa, şol tarap onuň bilen bagly çykdajylaryň öwezini beýleki tarapa dolmaga borçludyr.

Paýly gurluşyga gatnaşmak şertnamasy birtaraplaýyn ýatyrylan halatynda, puluň gaýtarylyp berilmegi bilen baglanyşykly bank hyzmatlary üçin tölegler hasaplaşyk hasabynyň eýesi tarapyndan tölenmäge degişlidir, çünki Türkmenistanyň RK-nyň 940-njy maddasynyň üçünji bölegine laýyklykda, talaplaryň ylalaşmagy esasynda hyzmat etmek boýunça hasaplaşyk hasabynyň eýesine çykdajylary tölemek ýüklenip bilinýär. Jedel ýüze çykanda zyýan çeken tarap onuň öwezini doldurmak barada kazyýete hak isleýiş arza bilen ýüz tutup biler.

24. Paýçynyň gurluşyga geçirýän pullary onuň karz edarasynda açylan ýörite hasaplaşyk hasabynda toplanýandygy we kabul edilen her bir iş boýunça tölegiň tassyklanan resminamalary esasynda karz edarasy tarapyndan şol hasaplaşyk hasabyndan gurujynyň hasaplaşyk hasabyna geçirilýändigi sebäpli, paýçynyň bank hasabyndaky ýygnalan pullar töleg üçin ýeterlik bolmalydyr.

Eger gurujy kanunda görkezilen esaslar bolmadyk halatynda, şertnamanyň düzgünlerini bozup, şertnamany esassyz ýatyrsa, şertnamada görkezilen puşmana pulunyň töleginden başga-da, Türkmenistanyň RK-nyň 14-nji maddasynyň ikinji bölegine laýyklykda, alynmadyk girdejiler görnüşindäki (elden giderilen peýda) zyýanyň öwezini hem dolmaga borçludyr.

25. Paýly gurluşygyň şertnamasyny ýatyrmak hakyndaky işlere seredilende kazyýetler tölegleriň haýsy-da bolsa biriniň tölenmändigi üçin däl-de, olaryň şertnamada bellenen möhletiniň geçirilmegi bilen baglanyşykly şertnamada görkezilen düzgünleriň bozulmagy bilen bagly bolýandygyna üns bermelidirler. Şoňa görä-de, tölegiň görülen çärelere (Türkmenistanyň RK-nyň 418-nji maddasyna laýyklykda) garamazdan geçirilmezligi we jedeliň kazyýetde seredilmegi şertnamalaýyn gatnaşyklaryň ýatyrylmagyny aradan aýryp bilmez. Eger on iki aýyň dowamynda gurluşygyň tölegиniň tertibi azyndan üç gezek bozulan bolsa ýa-da şertnamanyň hereket edýän möhletiniň dowamynda töleg möhleti yzygiderli iki gezek geçirilse, gurujy paýly gurluşygyň ýatyrylmagyny talap edip biler, çünki gurluşygyň netijeli bolmagy üçin ol öz wagtynda bank hasabynyň üstünden aýlanyp maliýeleşdirilip durmalydyr.

Eger-de jedel döräp, kazyýetde işe seredilýän döwürde paýçy ýa-da gurujy tarapyndan jedeliň döremegine esas bolan ýagdaýlaryň aradan aýrylmagy gazanylsa (möhleti geçirilen tölegler doly tölense, bildirilen talap meýletin kanagatlandyrylsa we ş.m.), onda iş boýunça Türkmenistanyň RIÝK-nyň 259-njy maddasynyň 1^1-nji böleginiň talaplaryna salgylanyp netije çykarylmaga degişlidigini kazyýetlere düşündirmeli.

26. Gurujy ýaşaýyş jaýy ýa-da beýleki gozgalmaýan emlägi gurup gutarandan soň bir aýyň dowamynda gurluşyk obýekti boýunça gutarnykly hasaplaşyk bermäge borçludyr. Gurluşygyň bahasy doly tölenenden soň bolsa, gurujy üç günüň dowamynda paýça gurluşyga bolan eýeçilik hukugyny resmileşdirmek üçin degişli resminamalary bermelidir, ol bolsa Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawynda bellige alnýar.

Gurluşygy gutarylan we bellenilen tertipde eýeçilik hukugyny esaslandyrýan resminamalar alnandan soň, oňa bolan eýeçilik hukugynyň döremegi üçin Türkmenistanyň RK-nyň 210-njy maddasynyň birinji bölegine laýyklykda, zerur resminamalar notarial tertipde tassyklanmalydyr we gozgalmaýan zady edinýän şahs tarapyndan onuň Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawynda bellige alynmagy üçin arza berilmelidir.

27. Paýly gurluşyga gatnaşmak şertnamasy bilen bagly jedeller boýunça kazyýete hak isleýiş arzasy bilen ýüz tutulanda Türkmenistanyň RIÝK-nyň 85-nji maddasynyň birinji böleginde göz öňünde tutulan kadalardan ugur alynmaga degişlidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

28. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň raýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri etrap kazyýetleri we etrap hukukly şäher kazyýetleri tarapyndan ipoteka we paýly gurluşyk şertnamalaryndan gelip çykýan jedeller bilen bagly raýat işlerine seredilende kanunçylygyň berjaý edilişine üns bermelidirler we bu görnüşli işler boýunça kazyýet iş tejribesini wagtal-wagtal umumylaşdyrylyp, ýüze çykarylan kemçilikleri düzetmek boýunça çäreleri görmelidir hem-de amaly kömek bermek işini güýçlendirmelidirler.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy B.Hojamgulyýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy G.Ýegenmämmedowa

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ
PLENUMYNYŇ
K A R A R Y № 8

2024-nji ýylyň 19-njy oktýabry Aşgabat şäheri

Ýerine ýetiriş ýazgylary ýerine ýetirmegiň dowamynda ýüze çykýan meseleler bilen bagly Türkmenistanyň kanunçylygyny ulanmagyň kazyýet iş tejribesi hakynda

(25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň karary esasynda girizilen üýtgetme bilen)

Ýerine ýetiriş ýazgylary esasynda jedelsiz tertipde berginiň tutulyp alynmagy üçin geçirilýän resminamalaryň, hususan-da berginiň tutulyp alynmagy baradaky ýerine ýetiriş ýazgylary babatda gozgalan ýerine ýetiriş önümçilikleri boýunça hereketler amala aşyrylanda, Türkmenistanyň kanunçylygynyň, şol sanda "Ýerine ýetiriş önümçiligi we kazyýet ýerine ýetirijileriniň hukuk ýagdaýy hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň (mundan beýläk Kanun) dogry we birmeňzeş ulanylmagyny, ýerine ýetiriş önümçiligine gatnaşýan fiziki we ýuridik şahslaryň hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň, şeýle-de döwletiň bähbitleriniň goralmagyny üpjün etmek hem-de ýerine ýetiriş önümçiliginiň barşynda Türkmenistanyň kanunçylygyny ulanmakda ýüze çykýan käbir meseleler boýunça ugrukdyryjy düşündirişleri bermek maksady bilen, "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy,

KARAR EDÝÄR:

1. Notarial hereketleri amala aşyrýan edaralaryň ýerine ýetiriş ýazgylary bilen bagly ýerine ýetiriş önümçilikleri alnyp barlanda Kanunyň we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryň talaplary berk berjaý edilip, kazyýet ýerine ýetirijileri tarapyndan şu görnüşli önümçilikleriň ýerine ýetirilmegine ýakyndan ýardam berilmelidigine kazyýetleriň (kazylaryň) ünsüni çekmeli.

2. Notarial hereketleri amala aşyrýan edaralaryň ýerine ýetiriş ýazgysy Kanuna laýyklykda mejbury ýerine ýetirilýän ýerine ýetiriş resminama bolup durýar.

Ýerine ýetiriş ýazgylary bergidardan pul möçberini tutup almak ýa-da emlägini talap etmek üçin notariuslar, Türkmenistanyň daşary ýurt döwletlerindäki diplomatik wekilhanalarynyň we konsullyk edaralarynyň ygtyýarly wezipeli adamlary tarapyndan amala aşyrylýar.

Bergidardan pul möçberini tutup almak ýa-da emlägini talap etmek üçin ýerine ýetiriş ýazgylary bergi anyklanan resminamalar boýunça amala aşyrylýar (elektrik energiýasy, jemagat hyzmatlary, kitaphana, karz gatnaşyklary boýunça bergiler üçin

we ş.m.).

Girew goýlan emläkden hak (töleg) tutup almak, eger munuň özi girew şertnamada göz öňünde tutulan bolsa, onda notariusyň ýerine ýetiriş ýazgylary esasynda jedelsiz tertipde amala aşyrylýar.

Ýerine ýetiriş ýazgylary esasynda jedelsiz tertipde berginiň tutup alynmagy üçin geçirilýän resminamalaryň sanawy Türkmenistanyň Prezidentiniň 2016-njy ýylyň 4-nji maýyndaky 14762 belgili karary bilen tassyklanandyr.

3. Ýerine ýetiriş ýazgylary ýerine ýetirmek üçin kazyýete kabul etmek hakyndaky mesele çözülende, kazyýet ýerine ýetirijisi notarial hereketleri amala aşyrýan edara tarapyndan ýazylan we tassyklanan ýerine ýetiriş ýazgynyň kanuna laýyklykda düzülendigini we ýerine ýetiriş ýazgyny kazyýete bermek üçin bellenilen möhletiň geçmändigini barlamalydyrlar.

Ýerine ýetiriş ýazgysyny kazyýete ýerine ýetirmek üçin bermek barada möhlet geçirilendigi ýüze çykarylan halatynda, ýerine ýetiriş ýazgysy algydara gaýtarylýar. Ýöne muňa möhletiň kazyýet tarapyndan dikeldilen halaty degişli edilmeýär.

Algydar tarapyndan ýerine ýetiriş ýazgysyny kazyýete ýerine ýetirmek üçin bermek möhletiniň berjaý edilendigini kesgitlemek üçin kazyýet ýerine ýetirijisi, "Notariat we notarial işi hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 110-njy maddasynyň 1-nji böleginiň 2-nji bendine laýyklykda, hak isleýişe hukuk dörän gününden başlap üç ýyldan, ýuridik şahslaryň arasyndaky gatnaşyklarda bolsa – bir ýyldan köp wagt geçmändigine üns bermelidir.

Eger-de ýerine ýetiriş ýazgysyny kazyýete ýerine ýetirmek üçin bermek barada geçirilen möhleti dikeltmek barada arza berlen ýagdaýynda, geçirilen möhleti dikeltmek hakyndaky mesele Kanunyň 29-njy maddasy esasynda Türkmenistanyň raýat iş ýörediş kanunçylygyna laýyklykda, kazyýet tarapyndan çözülýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

Kazyýete gelip gowşan ýerine ýetiriş ýazgysy kanuna laýyklykda düzülmedik ýa-da ýerine ýetiriş ýazgy barada jedel (tölenen karzyň möçberi, emlägiň ýok edilmegi, gizlenilmegi we ş.m) ýüze çykan halatynda, kazyýet ýerine ýetirijisi degişli resminamalary ýygnap, Kanunyň 30-njy we 58-nji maddalaryna laýyklykda, ýerine ýetiriş ýazgysyny kabul etmezden, algydara kazy tarapyndan tassyklanan delillendirilen karary bilen gaýtarýar.

4. "Girew hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 27-nji maddasyna laýyklykda, girew bilen üpjün edilen borçnamany ýerine ýetirmegiň möhleti gelip ýeten pursatynda ol ýerine ýetirilmedik halatynda, girew saklaýjy (bank ýa-da karz edarasy) girew goýlan zatdan töleg tutup almak hukugyna eýe bolýar.

Emma kanun ýa-da şertnama boýunça şeýle hukugyň giç ýüze çykýan ýa-da kanun boýunça şeýle tölegiň ir tutulyp alnyp bilinýän halatlary muňa girmeýär.

Eger girew goýujy-ýuridik tarap işini bes edende (ýatyrylanda) girew saklaýjy girew bilen üpjün edilen borçnamanyň ýerine ýetirilmeli möhletiniň gelip ýetendigine-ýetmändigine garamazdan, şol girew goýlan emläkden töleg tutup almak hukugyna eýe bolýar.

5. Ýerine ýetiriş ýazgysy "Notariat we notarial işi hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 111-nji maddasynda bellenilen talaplara laýyk gelmelidir we onda şu aşakdakylar görkezilmelidir, ýagny:

1) ýerine ýetiriş ýazgysyny amala aşyrýan ygtyýarly wezipeli adamyň wezipesi, familiýasy, ady we atasynyň ady;

2) algydaryň ady we salgysy;

3) bergidaryň ady we salgysy;

4) haýsy möhlet üçin tutup almagyň geçirilýändigi;

5) tutup almaga degişli möçberiň ýa-da talap etmäge degişli närseleriň, şol sanda, eger alynmaga degişli bolsa puşmana tölegi, göterimi;

6) algydaryň tölän döwlet pajy ýa-da bergidardan tutup almaga degişli möçberi;

7) ýerine ýetiriş ýazgysynyň amala aşyrylan senesi (ýyly, aýy, güni);

8) ýerine ýetiriş ýazgysynyň Notarial hereketlerini bellige almagyň sanawynda bellige alnan belgisi;

9) ýerine ýetiriş ýazgysyny amala aşyran wezipeli adamyň goly, möhüri bolmalydyr.

6. Kazyýet ýerine ýetirijisi "Notariat we notarial işi hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 111-nji maddasynda görkezilen talaplar berjaý edilmedik ýerine ýetiriş ýazgysy gelip gowşan halatynda, üç iş günden gijä galman ýerine ýetiriş ýazgysyny gaýtarmak hakynda delillendirilen karar çykarýar hem-de ony algydara iberýär.

Ýerine ýetirilmäge degişli ýerine ýetiriş ýazgysy şübheli, aýdyň bolmadyk halatynda ýa-da düşnüksiz bolsa, kazyýet ýerine ýetirijisi, şeýle hem algydar ýa-da bergidar, ýerine ýetiriş ýazgysyny amala aşyran edaradan onuň düşündirilmegini talap etmäge hukugy bardyr.

Ýerine ýetiriş ýazgylary esasynda jedelsiz tertipde berginiň tutup alynmagynyň göz öňünde tutulandygy sebäpli, ony ýerine ýetirmegiň dowamynda ýerine ýetirilmäge degişlidigi ýa-da degişli däldigi barada jedel ýüze çykan ýagdaýynda, şol mesele kazynyň kesgitnamasy bilen çözülýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

Ýerine ýetiriş ýazgysy gelip gowşandan soňra, kazyýet ýerine ýetirijisi agzalan ýazgy boýunça ýerlenilmäge degişli bolan emlägi ýerlemek bilen bagly Kanunda göz öňünde tutulan hereketleri amala aşyranyndan soňra girew goýlan emlägi ýerlemek mümkin bolmadyk halatynda, girew emlägi ýerlemegiň, girew goýlandygy hakyndaky şertnamada göz öňünde tutulan beýleki usullar bilen girew saklaýjy tarapyndan ýerlemek boýunça işleriň geçirilip bilinýändigini, eger-de girew şertnamada başga usul göz öňünde tutulmadyk bolsa, ýerine ýetiriş ýazgynyň girew saklaýja gaýtarylyp berilýändigini düşündirmeli.

7. Kazyýet ýerine ýetirijisi ýerine ýetiriş ýazgysyny ýerine ýetirmäge girişmek bilen, Kanunyň 44-nji maddasynda göz öňünde tutulan bäş günüň dowamynda meýletin ýerine ýetirilmeginiň zerurlygy hakynda bergidara ýazmaça görnüşde teklip ibermelidir ýa-da eline gowşurmalydyr.

Ýerine ýetiriş ýazgysy esasynda gozgalan ýerine ýetiriş önümçiligi boýunça meýletin ýerine ýetirmek üçin bergidara berilýän möhlet geçenden soň, Kanunyň 45-nji maddasynda görkezilen, ýerine ýetiriş ýazgysy boýunça ulanmak

mümkinçiligi inkär edilmeýän we kanunda göz öňünde tutulan mejbury ýerine ýetiriş hereketlerine girişilýär.

Eger-de ýerine ýetiriş ýazgysy bergidaryň girew şertnamasyndan gelip çykýan borçnamalaryny ýerine ýetirilmezligi esasynda berlen bolsa, onda "Girew hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 31-nji maddasyna laýyklykda, mejbury ýerine ýetiriş hereketleri diňe şol girew şertnamasynda görkezilen emläkleri ýerlemek bilen bagly bolmalydygyny, şu ýagdaýda bergidar babatda gaýry mejbury ýerine ýetiriş hereketleri geçirmeklige ýol berilmeýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

8. Ýerine ýetiriş önümçiligiň dowamynda kanunylygyň bozulan halatlary ýüze çykarylanda, kazyýet ýerine ýetirijisi bu ýagdaý barada dykgatnama bilen kazyny habarly edýär, kazy hem öz ygtyýarlyklarynyň çäginde Türkmenistanyň raýat iş ýörediş kanunçylygynyň talaplaryna laýyklykda, ýol berlen kanun bozulmalar hakyndaky habary degişli guramalara ýa-da degişli wezipeli adamlara ibermäge haklydyr.

Eger ýerine ýetiriş önümçiligiň dowamynda kazyýet ýerine ýetirijisi taraplaryň, ýerine ýetiriş önümçiligine gatnaşýan beýleki şahslaryň, wezipeli ýa-da başga adamyň hereketlerinde jenaýat alamatlaryny ýüze çykarsa, ol barada kazyny dykgatnama bilen habarly edýär, kazy hem öz ygtyýarlyklarynyň çäginde, bu hakda Türkmenistanyň JIÝK-nyň 206-njy we 215-nji maddasynyň talaplaryna laýyklykda netijä gelýär.

9. Ýerine ýetiriş ýazgysy boýunça gozgamasyz edilen emlägi ýerlemek kazyýet ýerine ýetirijisi tarapyndan söwda edaralarynyň we beýleki ýöriteleşdirilen edaralaryň üsti bilen, söwdalarda we auksionlarda Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan tertipde geçirilýär.

Emlägi ýerlemegiň görnüşlerini saýlamak emlägiň görnüşini we algydaryň hem-de bergidaryň pikirlerini göz öňünde tutmak bilen, kazyýet ýerine ýetirijisi tarapyndan kesgitlenilýär.

Eger-de ýerine ýetiriş ýazgysy bergidaryň bankdan alan karzynyň hasabyna girew emläkleri gönükdirmek bilen bagly bolsa, onda ol emläkleri ýerlemek Kanuna hem-de Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Adalat ministrligi we Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasy tarapyndan 1998-nji ýylyň 25-nji dekabrynda tassyklanan "Girewine bank krediti berlende girew goýlan emläge nyrh kesmegiň we ony ýerlemegiň tertibine" laýyklykda amala aşyrylýar. Tertibiň talaplary kazyýet ýerine ýetirijisi tarapyndan hökmany ýerine ýetirilmäge degişlidir.

10. Kazyýet ýerine ýetirijisi bergidara girew goýlan gozgalýan emlägi girew hakyndaky şertnamada bellenilenden pes bolmadyk nyrhda özüniň ýerlemegini teklip etmelidir we bu barada bergidar tarapyndan amala aşyrylan işler resmileşdirilen bolmalydyr (arzasy, dil haty, poçta habarlary, sms, elektron hatlar we ş.m.).

Kanunyň 85-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, gozgamasyz edilen emlägi almak we ony ýerlemek kazyýet ýerine ýetirijisi tarapyndan kesgitlenen möhletde geçirilýär, ýöne munuň özi girew emlägiň ýazgysy geçirilenden (emläk gozgamasyz edilenden) azyndan bäş iş günden soň we bir aýdan gijä galman geçirilmelidir. Bergidar şol möhlet geçmezden öň, kazyýet ýerine ýetirijisiniň

gözegçiligi astynda girew şertnamasynda görkezilen bahadan pes bolmadyk baha bilen emlägi ýerlemäge hukugy bardyr. Kazyýet ýerine ýetirijisi agzalan emlägiň ýerlenmegi üçin degişli işleri geçirmek barada algydary habarly etmelidir.

11. Girew şertnamasy esasynda karzy gaýtarmagyň serişdesi hökmünde girew goýlan we ýerine ýetiriş ýazgysy esasynda, kazyýet ýerine ýetirijisiniň karary bilen gozgamasyz edilen ýaşaýyş jaýy we beýleki gozgalmaýan emläkleri ýerlemek, Kanunda görkezilen möhletlerde jemagat öňünde söwda yglan etmek arkaly amala aşyrylýar.

Bäsleşikli söwda-diňe ýaşaýyş jaýlary we binalary (gozgalmaýan emläkler) satmak bilen bagly geçirilýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Bergidara degişli bolan, girewde duran, töleg töledilip alynmaly edilen ýaşaýyş jaýy we beýleki gozgalmaýan emläkleri satmak işi, ýaşaýyş jaý biržasynyň üsti bilen ýa-da kazyýet ýerine ýetirijisiniň bellän möhletinde ýaşaýyş jaýyň ýerleşýän çägi boýunça, kazyýet ýerine ýetirijisi tarapyndan kesgitlenen ýerde, jemagat öňünde bäsleşikli söwda yglan etmek arkaly amala aşyrylýar, ýöne welin munuň özi emläk gozgamasyz edilenden azyndan on günden soň, ýöne iki aýdan gijä galman geçirilmelidir. Şol möhlet gelip ýetýänçä, bäsleşikli söwda gatnaşmaklyga isleg bildiren adamlardan söwda gatnaşmak üçin arza gelip gowuşmanka, bergidaryň özi kazyýet ýerine ýetirijisiniň gözegçiligi astynda, girew hakyndaky şertnamada kesgitlenen bahadan pes bolmadyk bahadan satmaga haklydyr.

Eger yglan edilen bäsleşikli söwda gatnaşmaklyga isleg bildirilip, degişli işler geçirilen bolsa (arza almak, kesgitlenen bahanyň 10 göterimini tölemek we ş.m.), şol söwda geçirilen ýa-da geçirilmedik diýip yglan edilmese, bergidaryň girew hakyndaky şertnamada görkezilen emläkleri ýerlemek bilen bagly hereketleri amala aşyrmaga hukugynyň ýokdugyny kazyýetlere düşündirmeli.

12. Kazyýet ýerine ýetirijisi girewe goýlan jaýyň we beýleki gozgalmaýan emläkleriň bäsleşikli söwda arkaly satyljak wagty we ýeri hakynda bäsleşikli söwdany yglan edip, bäsleşikli söwdanyň geçiriljek gününden azyndan on gün öň, bu hakda köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde we internet ulgamynyň saýtlarynda, (Türkmenistanyň resmi saýtlarynda) raýatlara we ýerine ýetiriş önümçiligiň taraplaryna (algydara we bergidara) habar bermelidir.

13. Girew goýlan emlägi satmak üçin (gozgalmaýan emläkler bilen bagly yglan edilen bäsleşikli söwda geçirilmedik diýip yglan edilen halatynda) girew goýlan emlägiň ilkibaşdaky, ýagny girew şertnamada görkezilen bahasyny peseltmek (arzanlatmak) 1998-nji ýylyň 25-nji dekabrynda tassyklanan “Girewine bank krediti berlende girew goýlan emläge nyrh kesmegiň we ony ýerlemegiň tertibine” laýyklykda, girew berijini (bergidary) habardar edip, girewi saklaýjy (algydar) bilen ylalaşylyp geçirilýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

Bahanyň arzanladylmagy boýunça özara ylalaşyk gazanylmadyk ýagdaýynda, girew emläge baha kesmek işi Kanunyň 85-nji we 91-nji maddalaryna laýyklykda çözülmäge degişlidir. Şunda girew beriji (bergidar) habarly edilip, onuň gelmezligi baha kesmek işine päsgelçilik bolup bilmez. Eger-de habar berlen girew saklaýjy

(algydar) baha kesmek işine garşy çyksa, onda ýerine ýetiriş ýazgysy algydara gaýtarylyp berilýär we ýerine ýetiriş önümçiligi tamamlanan hasaplanýar.

14. Bäsleşikli söwda geçirilmedik diýip yglan edilen halatynda, algydara girew goýlan emlägiň ilkibaşky bahasynyň ýigrimi göterim arzanladylan bahasyndan, girew goýlan emlägi özünde galdyrmak hukugynyň berilýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Söwda geçirilmedik diýip yglan edilen halatynda, girew goýlan emlägiň ozalky kesgitlenen girew bahasyny ýigrimi göterim arzanlatmak meselesi algydaryň we bergidaryň pikirleri nazara alnyp hem-de kazyýet ýerine ýetirijisiniň kazy tarapyndan tassyklanan karary esasynda amala aşyrylýandygyny, şunda emlägiň arzanladylmagy ozalky yglan edilen (girew şertnamasynda görkezilen) ilkibaşdaky bahadan ugur alynmalydygyny kazyýetlere düşündirmeli.

Bäsleşikli söwda geçirilmedik diýip ykrar edilen we algydar emlägi özünde girew goýlan şertnamada görkezilen bahasyny ýigrimi göterim arzanladylan ýagdaýynda özünde galdyrmakdan (almakdan) ýüz dönderen halatynda, kazyýet ýerine ýetirijisi Kanunda bellenilen kadalary berjaý etmek bilen, gaýtadan jemagat söwdasyny geçirmegi belleýär.

Şunda, gaýtadan söwda üçin bellenilen baha, haçan-da gatnaşyjylaryň biri yglan edilen baha boýunça emlägi satyn almaga razy bolan pursatyna çenli aşakladylýar. Ol söwda girew goýlan emlägiň şertnamada görkezilen ilkibaşky bahasynyň elli göteriminden pes bolmaly däldir.

Gaýtadan söwda geçirilmedik diýip yglan edilen halatynda, emläk soňky yglan edilen baha boýunça algydara hödürlenilýär. Algydar emlägi kabul etmekden ýüz dönderende, kazyýet ýerine ýetirijisiniň karary bilen ýerine ýetiriş ýazgysy we girew emläk girewe saklaýja gaýtarylyp berilýär.

Şeýle ýagdaýda, ýerine ýetiriş önümçiligi tamamlanan diýip hasaplanýar we kazyýet ýerine ýetirijisi ýerine ýetiriş ýazgysy esasynda özüniň gozgamasyz eden emlägini gozgamasyz etmekden boşadýar we emlägi girew saklaýja tabşyrýar.

15. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Kazyýet ýerine ýetirijileriniň işini guramak we gözegçilik etmek boýunça müdirligi, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri, olaryň kazyýet ýerine ýetirijileriniň işini guramak we gözegçilik etmek boýunça bölümleri hem-de etrap we etrap hukukly şäher kazyýetleri degişli kazyýet ýerine ýetirijileriniň ýerine ýetiriş ýazgysy boýunça gozgalan önümçilikleriniň ýerine ýetirilişine gözegçiligi güýçlendirip, olar boýunça kazyýet iş tejribesini yzygiderli öwrenip, umumylaşdyrmalydyrlar hem-de ýüze çykarylan kemçilikleri düzetmek üçin wagtynda zerur çäreleri görmelidirler, şol sanda kanunçylygy dogry ulanmak boýunça olara degişli amaly kömekleri bermelidirler.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy B.Hojamgulyýew
Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy G.Ýegenmämmedowa

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ
PLENUMYNYŇ
K A R A R Y № 1

2025-nji ýylyň 19-njy iýuly Aşgabat şäheri

Administratiw kazyýet önümçiliginde administratiw we raýat iş ýöredişkanunçylygyny ulanmagyň aýratynlyklary hakynda

(25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň karary esasynda girizilen üýtgetme bilen)

Türkmenistanyň kazyýetleri tarapyndan administratiw işlerine seredilende administratiw we raýat iş ýöredişkanunçylygynyň ulanylyşynda birmeňzeş kazyýet iş tejribesini ýola goýmak hem-de olary ulanmak boýunça ýüze çykan soraglara ugrukdyryjy düşündirişleri bermek maksady bilen, "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Plenum

K A R A R E D Ý Ä R:

1. Türkmenistanyň Administratiw iş ýöredişkodeksiniň (mundan beýläk Türkmenistanyň AdIÝK) kabul edilmegi döwlet bilen raýatyň arasyndaky administratiw hukuk gatnaşyklarynyň düzgünleşdirilmegine hem-de bu çygyrda ýüze çykýan hukuklaryň we azatlyklaryň kazyýet goraglygynyň üpjün edilmegine gönükdirilendir. Şonuň bilen baglylykda, raýat iş ýöredişkanunçylygyndan tapawutlylykda, administratiw iş ýöredişkanunçylygynyň döwlet bilen raýatyň arasyndaky gatnaşyklarda ýüze çykýan jedelleri çözmekliginiň iş ýörediştertibini kesgitleýändigine, administratiw kazyýet önümçiliginde diňe fiziki ýa-da ýuridik şahslaryň bozulan ýa-da jedelleşilýän hukuklaryny, azatlyklaryny hem-de kanun tarapyndan goralýan bähbitlerini goramak üçin olaryň kazyýete beren hak isleýiş arzalarynyň esasynda açylan işlere seredilýändigine üns berilmelidir.

2. Türkmenistanyň AdIÝK-nyň 2-nji maddasynda göz öňünde tutulan kadadan gelip çykyşyna görä, Türkmenistanyň Raýat iş ýöredişkodeksiniň (mundan beýläk Türkmenistanyň RIÝK) we beýleki kanunlaryň kadalaryny administratiw kazyýet önümçiliginde ulanmak diňe Türkmenistanyň AdIÝK-nda kazyýet önümçiliginiamala aşyrmak hakynda düzgünler bellenilmedik hem-de şol Kodeksiň esasy ýörelgelerine we maksatlaryna garşy gelmeýän halatlarda mümkindir.

3. Türkmenistanyň AdIÝK-nyň 3-nji maddasynyň 6-njy, 7-nji we 10-njy bentlerinde we 32-nji maddasynyň 1-nji böleginde administratiw kazyýet önümçiliginde işe düýp manysy boýunça birinji basgançakly kazyýet hökmünde jogap berijiniň bolýan ýa-da ýaşaýan ýerindäki kazyýetiň, ýagny etrap we etrap hukukly şäher kazyýetiniň, birinji basgançakly kazyýetiň kanuny güýje girmedik kararyna berlen nägilelik şikaýatyna nägilelik basgançakly kazyýet hökmünde welaýat kazyýetleriniň, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleriniň

administratiw işleri boýunça kazyýet kollegiýasynyň, nägilelik basgançakly kazyýetiň kanuny güýje girmedik kesgitnamasyna berlen ýokary nägilelik şikaýata Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň administratiw işler boýunça kazyýet kollegiýasynyň ýokary nägilelik basgançakly kazyýet hökmünde seredýändigi göz öňünde tutulýar.

Beýan edilenden ugur alyp, Türkmenistanyň RIÝK-nyň 36-njy we 37-nji maddalarynda welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleriniň hem-de Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň taraplaryň razylygy bar bolanda aşakda durýan kazyýetlerden islendik raýat işini almaga we ony birinji basgançakly kazyýet hökmünde öz önümçiligine kabul etmäge haklydygy baradaky kadasynyň administratiw kazyýet önümçiligine degişli däldigini, ýagny, şu bölegiň birinji tesiminde beýan edilen kazyýete degişlilik düzgünleriniň berk berjaý edilmäge degişlidigini kazyýetlere düşündirmeli.

4. Raýat kazyýet önümçiliginden tapawutlylykda, administratiw kazyýet önümçiliginde işlere seredilende kazyýetiň öz başlangyjy boýunça işiň ähli ýagdaýlaryny anyklaýandygyny, kazyýetleriň iş ýöredişe gatnaşyjylar tarapyndan oňa berlen faktlar, hukuk delilleri we olaryň subutnamalary derňemek hakyndaky haýyşnamalary bilen bagly däldigi, kazynyň formal ýalňyşlyklaryň aradan aýrylmagyna, düşnüksiz arzalaryň düşündirilmegine, maksadalaýyk haýyşnamalaryň talabalaýyk goýulmagyna, ýeterlik bolmadyk hakyky maglumatlaryň üstüniň doldurylmagyna, mundan başga-da işiň ýagdaýlaryny anyklamak we baha bermek üçin düýpli ähmiýeti bolan ähli maglumatlaryň berilmegine ýardam etmäge borçludygyna kazyýetler üns bermelidirler.

5. Türkmenistanyň AdIÝK-na laýyklykda, administratiw kazyýet önümçiliginiň dispozitiwlik ýörelgesinden ugur alyp, kazyýet diňe gyzyklanýan şahslaryň ýa-da olaryň wekilleriniň hak isleýiş arzasy esasynda administratiw işe seretmäge girişýär.

6. Eger kazyýete özara baglanyşykly birnäçe talaplary öz içine alýan arza bilen ýüz tutulyp, olardan bir bölegi raýat kazyýet önümçiligi, beýlekileri bolsa administratiw kazyýet önümçiligi tertibinde seredilmäge degişli bolsa we olary bölmek mümkin bolmasa, onda iş raýat kazyýet önümçiligi tertibinde seredilýär hem-de şunda administratiw gatnaşyklaryndan gelip çykýan talaplar babatynda, kazyýet Türkmenistanyň RIÝK-nyň 275-nji maddasyna laýyklykda, kazyýet tarapyndan işiň hakyky ýagdaýlaryny aýdyňlaşdyrmagyň ýörelgesi ulanýanylýar, şeýle-de raýat kazyýet önümçiliginde agzalan Kodeksiň 24-nji we 29-njy babynda göz öňünde tutulan raýat işleri bilen administratiw işler bilelikde seredilende bu ýörelgäniň talaplarynyň berjaý edilmegi hökmanydyr.

Eger talaplary bölmek mümkin bolsa, raýat kazyýet önümçiligi tertibinde seredilmäge degişli talaplar boýunça hak isleýiş arzany kabul etmek hakynda kesgitnama çykarylmalydygyna we administratiw kazyýet önümçiligi tertibinde seredilmäge degişli bolan beýleki bildirilen talaplar şol kazyýetde seredilmäge degişli bolsa, olar boýunça hem aýratyn iş açylmalydygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Kazyýete administratiw kazyýet önümçiligi tertibinde seredilmäge degişli beýleki bildirilen talaplar, şol kazyýetde seredilmäge degişli bolmasa, seredilmäge

degişli bolmadyk talap boýunça kazyýet, hak isleýiş arzany kabul etmekden ýüz döndermek hakynda kesgitnama çykarýar. Şeýle kesgitnama, hak isleýjiniň kazyýete degişlilik boýunça bildirilýän talaby berjaý edip, şol bir talap boýunça hak isleýiş arzasy bilen degişli kazyýete ýüz tutmagyna päsgel bermeýär.

7. Türkmenistanyň AdIÝK-nyň 17-nji maddasyna laýyklykda, hak isleýji, jogap beriji, çekilen üçünji tarap administratiw iş ýöredişe gatnaşyjylar bolup durýarlar. Türkmenistanyň RIÝK-nda göz öňünde tutulan düzgünlerden tapawutlylykda, administratiw kazyýet önümçiliginde üçünji taraplar jedeliň närsesine degişli bolmadyk özbaşdak talaplary bildirip bilmeýändikleri we şunda kazyýetiň üçünji taraplary çekmek boýunça käbir halatlarda hukuklarynyň, käbir halatlarda bolsa borçlarynyň ýüze çykýandygyna kazylar üns bermelidirler. Ýagny, eger işiň netijesi olaryň hukuk bähbitlerine täsirini ýetirýän bolsa, üçünji taraplar işe gatnaşmaga çekilip bilner, emma üçünji tarapyň bähbitlerine täsir edýän diňe bir çözgüt kabul edilip bilinjek bolsa, onda kazyýet olary işe gatnaşmaga çekmäge borçludyr. Şunda, çekilen üçünji taraplar hak isleýji ýa-da jogap beriji tarapyndan çykyş etmeýär. Üçünji tarap hökmany işe gatnaşmaly bolup, oňa işe gatnaşmak barada degişli tertipde habar berilmedik bolsa we işe gatnaşdyrylmadyk bolsa hem-de kabul edilen çözgüt üçünji tarapyň bähbitlerine täsirini ýetirýän bolsa, onda onuň işe gatnaşmazlygy çözgüdiň sökülmegi üçin jedelsiz esasdyr.

Işe çekilen üçünji taraplar bildirilen hak isleg talabynyň çäklerinde mümkin bolan hukuk serişdelerini özbaşdak ulanmaga we öz bähbitlerini goramak maksady bilen iş ýörediş hereketlerini amala aşyrmaga haklydyrlar. Şeýle ýagdaýda, kazyýetler Türkmenistanyň RIÝK-nyň 179-njy maddasynyň talaplaryny berjaý edip, kazyýet seljerişiniň öňe gitmegine ýardam etmelidirler.

Üçünji taraplaryň işe gatnaşdyrylmagynyň esasy maksady olaryň hukuklarynyň goraglylygyny we olaryň hukuklaryna täsir etjek çözgüdiň olaryň gatnaşmazlygynda çykarylmazlygyny üpjün etmekden ybaratdyr.

8. Türkmenistanyň RIÝK-nyň 123-nji maddasynda göz öňünde tutulan degişli däl jogap berijini çalşyrmak baradaky kadany administratiw kazyýet önümçiliginde ulanmagyň aýratynlygyna üns berilmelidir.

Birinji basgançakly kazyýetde administratiw kazyýet önümçiliginde degişli däl jogap berijini çalşyrmak mümkinçiligi baradaky mesele hak islegiň görnüşine laýyklykda çözülmäge degişlidir:

1) Türkmenistanyň AdIÝK-nyň 25-nji maddasyna laýyklykda, hak isleýji jedelleşmek hakyndaky hak islegi arkaly oňaýsyz, ýagny hukuk bermekden ýüz öwürýän, hukuklary çäklendirýän, borçlary ýükleýan administratiw namanyň doly ýa-da bölekleýin ýatyrylmagyny talap edip biler. Eger-de, hak isleýji tarapyndan oňaýsyz administratiw nama jedelleşilende, jogap beriji hökmünde administratiw edara nädogry saýlanylan ýagdaýynda, onuň kazyýet önümçiliginde düzedilmegine ýol berilmegi üçin, "Administratiw önümçilik hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 43-nji maddasynda göz öňünde tutulan tertip, ýagny administratiw nama şikaýat etmegiň gaýry tertibi Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulmadyk bolsa, kazyýet tertibinde administratiw nama şikaýat etmek, şikaýat administratiw tertipde seredilenden soň amala aşyrylýandygy baradaky kada berjaý edilmelidir.

Ýagny, işe taýýarlyk döwründe ýa-da kazyýet seljerişiniň dowamynda, eger jedelleşmek hakynda hak isleginiň degişli jogap bermeli şahsa bildirilmänligi anyklanylan bolsa, hak isleýjiniň haýyşnamasy boýunça, işi bes etmezden degişli däl jogap berijiniň degişli jogap beriji bilen çalşyrmak meselesi, diňe çalşyryljak degişli jogap beriji babatda administratiw tertipde şikaýat etmegiň tertibiniň ulanylmaga degişlidigi ýa-da degişli däldigi ýa-da gös-göni kazyýete ýüz tutmak mümkinçiliginiň bardygy aýdyňlaşdyrylandan soňra, degişli däl jogap berijiniň degişli jogap beriji bilen çalşyrylyp bilinýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

Şu ýagdaýda, çalşyryljak jogap beriji barada ýokarda durýan edara administratiw şikaýaty bermek tertibi bellenen bolsa, onda degişli däl jogap berijini çalşyrmak mümkin däldir we kazyýet arzany seretmän galdyrýar we iş boýunça önümçilik tamamlanýar. Şunda kazyýet öz kesgitnamasynda işe seretmäge päsgel berýän ýagdaýlaryň nähili düzedilmelidigini görkezmäge borçludyr.

2) Eger-de, degişli däl jogap berijini degişli jogap beriji bilen çalşyrmak meselesi, borçnamany ýerine ýetirmek hakyndaky hak islegine seredilmegi bilen bagly ýüze çykan halatynda, onda Türkmenistanyň AdIÝK-nyň 26-njy maddasynda göz öňünde tutulan ýagdaýlaryň diňe administratiw edara ýüz tutulandan soň ýüze çykyp bilýändiginden, ýagny diňe fiziki ýa-da ýuridik şahsyň arzasy esasynda administratiw önümçiliginiň başlanýandygyndan ugur alnyp, çalşyryljak degişli jogap beriji hökmünde çekiljek administratiw edara ýüz tutulandygy, "Administratiw önümçilik hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 43-nji maddasynyň talaplarynyň, şeýle-de kazyýete ýüz tutmak üçin bellenen möhletiň berjaý edilendigi anyklanylmaga degişlidir. Eger görkezilen ähli talaplar berjaý edilen bolsa, borçnamany ýerine ýetirmek hakynda hak islegi boýunça hem, degişli däl jogap beriji degişli jogap beriji bilen çalşyrylyp bilner.

9. "Administratiw önümçilik hakynda" Türkmenistanyň Kanunynda göz öňünde tutulan, administratiw önümçiligi amala aşyrylanda hyzmatdaşlyk ýörelgesine laýyklykda, administratiw edaralar beýleki administratiw edaralar, gaýry guramalar bilen administratiw önümçiligi amala aşyrmak üçin zerur bolan ýüz tutma ibermek, resminama we (ýa-da) maglumat alyşmak arkaly, şeýle hem beýleki görnüşlerde özara gatnaşyklary amala aşyrmalydyrlar. Oňa görä-de, şahsyň administratiw namanyň kabul edilmegi, ýatyrylmagy babatda ýa-da administratiw hereketiň amala aşyrylmagy üçin diňe bir administratiw edara ýüz tutmagy ýeterlikdir. Bu namanyň kabul edilmegi ýa-da hereketiň amala aşyrylmagy üçin gerekli resminamalaryň ýygnalmagy we beýleki hereketler ýüz tutulan administratiw edara tarapyndan amala aşyrylmalydyr, muňa şahsyň hut özüniň amala aşyrmaly ýa-da hut özüniň berip biljek resminamasyny bermeli ýagdaýlary degişli däldir.

Şundan ugur alyp, jedelleşmek ýa-da borçnamanyň ýerine ýetirilmegi hakynda hak islegler bilen kazyýete ýüz tutulanda administratiw namanyň kabul edilmegi, ýatyrylmagy ýa-da administratiw hereketiň amala aşyrylmagy üçin diňe bir jogap berijä hak islegi bildirilmelidir.

10. Türkmenistanyň RIÝK-da bellenilýän kadalardan tapawutlylykda, Türkmenistanyň AdIÝK-nyň 20-nji maddasyna laýyklykda, kazynyň gatnaşyjylara diňe özüniň deslapky hukuk pikirini aýtmagy, onuň tarapgöýligine şübhe döremek

üçin esas bolmaýandygy we tarapgöýsüzlik ýörelgesine çapraz gelmeýändigi bellenendir.

Bu düzgüniň administratiw kazyýet önümçiliginiň inkwizision ýörelgesi bilen baglanyşyklydygy sebäpli, kazyýet öz başlangyjy boýunça işiň ähli ýagdaýlaryny anyklamak we Türkmenistanyň RIÝK-nyň 179-njy maddasynyň talaplaryny berjaý edilmegini üpjün etmek maksady bilen, subutnamalary ýygnanda we olara esaslananda, bu subutnamalar barada kazynyň deslapky hukuk pikirini aýtmagy, işiň dogry çözülmegi üçin kazyýet seljerişinde taraplaryň üns berilmeli ugurlaryň we meseleleriň aýdyňlaşdyrylmagyna, subutnamalary bermek işine işjeň gatnaşmaklarynyň üpjün edilmegine ýardam bermäge gönükdirilmelidir.

Kazynyň deslapky hukuk pikiriniň beýan edilmegi, kabul ediljek netijäniň başlangyjy bolup duryandygy sebäpli, munuň özi iş ýöredişe gatnaşyjylara belli bir derejede indiki hereketlerini kesgitlemäge mümkinçilik bermelidir. Emma bu pikir "öňünden gelnen netije" hökmünde eýýäm işiň çözülendigini aňlatmaly däldir, diňe işiň haýsy ugra tarap gönükmelidigini öz içine almalydyr. Şeýlelikde, kazynyň deslapky hukuk pikirini beýan etmeginiň maksadynyň kanunyň ähli talaplaryny berjaý etmek mümkinçiligini ýokarlandyrmak, iş ýöredişe gatnaşyjylaryň işiň ýagdaýlaryna doly düşünmekligini, olara öz talaplary boýunça hukuklaryny doly goramaga mümkinçiligiň döredilmegini, subutnamalaryň ähli taraplaýyn barlanylmagyny we kazyýet seljerişiniň dessin geçirilmegini üpjün etmekden ybarat bolmalydygyny kazyýetlere düşündirmeli.

11. Raýat kazyýet önümçiliginde hak isleýiş arzasynyň berilmeginiň möhletiniň maddy kanunçylykda (Türkmenistanyň Raýat kodeksinde we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarda), administratiw kazyýet önümçiliginde bolsa iş ýörediş kanunçylygynda bellenilýändigine (Türkmenistanyň AdIÝK-nyň 22-nji we 23-nji maddalary) kazylar üns bermelidirler. Oňa laýyklykda, jedelleşmek hakynda hak islegi administratiw namanyň yglan edilen pursadyndan bir aýyň dowamynda bildirilmelidir. Bu kada administratiw tertipde şikaýata seretmek göz öňünde tutulmadyk halatynda hereket edýär. Administratiw nama administratiw tertipde şikaýat edilen ýagdaýynda hak isleýiş arzasyny bermek üçin möhleti hasaplamak diňe administratiw edaranyň ýokarda duryan edarasy tarapyndan şikaýat boýunça kabul edilen karar yglan edilen pursadyndan başlanýar.

Şunda, administratiw namanyň ýa-da şikaýat boýunça kabul edilen kararyň yglan edilen pursaty gyzyklanýan şahsyň gatnaşmagynda onuň dykgatyna ýetirilen bolsa, onda ol şol pursatdan hasaplanylýandygyndan, poçta arkaly, elektron görnüşde we jemagat öňünde yglan edilen halatlarynda, yglan edilen pursatlar babatynda "Administratiw önümçilik hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 32-nji maddasynda görkezilenlerden ugur alynmalydyr.

"Administratiw önümçilik hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 21-nji maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda, borçnamany ýerine ýetirmek hakyndaky hak isleýiş arzany bermegiň möhleti babatynda hem bir aý möhlet ulanylýar we bu möhlet administratiw namany kabul etmek hakyndaky arzany kanagatlandyrmakdan ýüz dönderilendigi barada yglan edilen ýa-da «Administratiw önümçilik hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 20-nji maddasynda bellenilen möhlet tamamlanan pursadyndan başlanýar.

Administratiw namada ýa-da administratiw tertipde edilen şikaýat boýunça kabul edilen kararda (ýokarda durýan edaranyň jogap hatynda) hukuk goragynyň tertibi hakynda (kabul edilen nama şikaýat etmek we onuň tertibi (haýsy edara we näçe möhletde ýüz tutmalydygy)) barada maglumatlar bolmasa, onda hak isleýiş arzasynyň berilmegine administratiw namanyň yglan edilen, administratiw edara tarapyndan hereket/hereketsizlik amala aşyrylan pursatyndan bir ýylyň dowamynda ýol berilýär.

12. Hak isleýiş arzany bermegiň möhleti geçirilen ýagdaýynda, eger şeýle möhletiň geçirilmegi esasly sebäplere görä ýol berlen bolsa, onda ony dikeltmek Türkmenistanyň RIÝK-nyň 108-nji maddasyna we Türkmenistanyň AdIÝK-nyň 22-nji maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda amala aşyrylýar, şeýle haýyşnamanyň möhleti geçirmegiň sebäpleri aradan aýrylandan soň iki hepdäniň dowamynda berilýändigini we administratiw iş ýörediş önümçiliginde şu möhletiň berjaý edilmeginiň hökmany kada bolup durýandygyny kazylar ünsden düşürmeli däldirler.

Geçirilen möhleti dikeltmek hakynda hak isleýjiniň haýyşnamasy, iş ýörediş hereketi amala aşyrylmaly we kazyýet mejlisinde seredilmeli bolan kazyýete berilmelidir. Haýyşnamada getirilen deliller kazyýet tarapyndan esasly diýlip ykrar edilen halatynda, geçirilen möhlet dikeldilmelidir. Fiziki şahslar üçin möhleti geçirmegiň esasly sebäpleri diýlip ykrar edilip bilinjek ýagdaýlar hökmünde şulary mysal getirmek bolar: kesel ýa-da şikes sebäpli wagtlaýyn işe ýarawsyzlyk, tussag astyna alynmagy, agyr maşgala ýa-da şahsy ýagdaýlar, gulluk iş sapary, adatdan daşary ýagdaýlar we ş.m.. Ýuridik şahslar babatynda geçirilen möhletleri dikeltmegiň esaslary jedelsiz bolmalydyr. Adatdan daşary ýagdaýlaryň bolmagy möhleti geçirmegiň esasly sebäpleri diýlip ykrar edilip bilner. Oňa görä-de, kazyýetler her bir iş we anyk şahs babatynda geçirilen möhletiň sebäpleriniň esasly sebäpler hökmünde ykrar edilýän ýagdaýlaryna doly we hemmetaraplaýyn baha bermelidirler. Goýberilen möhletiň dikeldilmegi, şikaýata seretmäge mümkinçilik döredýär. Eger-de, haýyşnama kanagatlandyrmakdan ýüz dönderilip, geçirilen möhletler dikeldilmedik halatynda, onuň sebäpleri we delilleri kesgitnamada anyk görkezilen bolmalydyr.

13. Administratiw kazyýet önümçiliginde işe diňe bildirilýän hak isleg talabynyň çäklerinde seredilýär. Şunda Türkmenistanyň AdIÝK-da bellenen inkwizisionlyk - kazyýetiň öz başlangyjy boýunça işiň ähli ýagdaýlaryny anyklamak, muňa taraplaryň ýardam etmekleri, kazyýetiň işe gatnaşyjylar tarapyndan berlen faktlar, hukuk delilleri we olaryň subutnamalary derňemek hakyndaky haýyşnamalary bilen bagly däldigi baradaky ýörelgeden ugur alynmalydyr, ýagny, kazynyň ygtyýarlyklarynyň işe seretmegiň çäklerinde hak isleýiş arzanyň ýazgysy (talabyň mazmuny) bilen bagly däldigi, hak isleýjä onuň goşmaça talap bildirmäge hukugynyň bardygynyň düşündirilmelidigi, kazyýetiň formal ýalňyşlyklaryň aradan aýrylmagyna, diňe maksadalaýyk haýyşnamalaryň talabalaýyk goýulmagyna, ýeterlik bolmadyk – hak isleýjiniň özüne bagly bolmadyk ýa-da özi tarapyndan berlip bilinmejek hakyky maglumatlaryň üstüniň doldurylmagyna, mundan başga-da işiň ýagdaýlaryny anyklamak we baha bermek

üçin düýpli ähmiýeti bolan ähli maglumatlaryň berilmegine ýardam etmäge borçludygy baradaky kadalar berk berjaý edilmelidir.

Hak isleýiş arzasynyň ýazgysy bilen ýa-da hak isleýji tarapyndan berlen faktlar, hukuk delilleri we olaryň subutnamalary derňemek hakyndaky haýyşnamalary bilen bagly däldir diýlen kada, hak isleýiş arzada jedelleşilýän ýagdaýyň beýan edilişi we jedel boýunça delil hökmünde getirilýän subutnamalaryň, kazy üçin işi seljermekde hökmany we gutarnykly kabul edilmeli däldigini aňladýar. Şunda kazyýetler hak isleýjiniň haýsy hukugynyň kemsidilendiginden, haýsy hukugynyň dikeldilmegini isleýändiginden ugur alyp, hak isleýiş arzasynyň degişli tertipde ýazylmagyna ýardam bermelidirler we zerur subutnamalaryň toplanylmagyna öz başlangyjy boýunça girişmelidirler.

14. Administratiw hak isleýiş arzasynyň mazmuny raýat kazyýet önümçiliginde berilýän hak isleýiş arzasynyň mazmunynyň beýan edilişi bilen kybapdaşdyr. Türkmenistanyň AdIÝK-na laýyklykda, hak isleýiş arzasynda hak isleýji we jogap beriji barada maglumatlar, hak isleýiş talabynyň närsesi hem-de onda ýüz tutulýan kazyýetiň ady, taraplaryň ady, poçta salgylary, talabyň esaslanýan ýagdaýlary, arzada beýan edilen ýagdaýlary tassyklaýan subutnamalar, talabyň esaslanýan kanunçylygy, goşulýan resminamalaryň we beýleki subutnamalaryň sanawy görkezilmelidir. Zerur bolsa beýleki maglumatlar we haýyşnamalar hak isleýiş arzasynda görkezilip bilner. Eger hak isleýiş arzasy doly däl bolsa we kazyýet tarapyndan olaryň üsti özbaşdak doldurylyp bilinmejek ýa-da takyk we dogry maglumatlar alnyp bilinjekdigine şübhe bar bolsa, kazyýet degişli kesgitnamasy bilen hak isleýjiden bellän möhletiniň dowamynda hak isleginiň üstüni doldurmagy talap edýär. Eger hak isleýji berlen möhletiň dowamynda talaby ýerine ýetirmese, onda kazyýetiň hak islegine düýp manysy boýunça seretmek mümkinçiliginiň ýokdugy sebäpli, ýol bererlikli däl hökmünde ýüz dönderýändigine, şeýle mazmunly kesgitnamanyň onda görkezilen sebäpleriň geljekde aradan aýrylan ýagdaýynda, hak isleýjiniň kazyýete gaýtadan ýüz tutmak mümkinçiligini aradan aýyrmaýandygyna, hususan-da, şeýle ýagdaýda kabul edilen kesgitnamanyň goýulýan mesele boýunça administratiw işde gutarnykly häsiýetli karar däldigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

15. Türkmenistanyň AdIÝK-nyň 35-nji maddasyna laýyklykda, hak isleýiş arzasynyň kazyýete gelip gowuşmagy bilen iş önümçilige kabul edilýär.

Türkmenistanyň RIÝK-da bellenen düzgünlerden tapawutlylykda, administratiw kazyýet önümçiliginde hak isleýiş arzasyny kabul etmek ýa-da kabul etmekden ýüz döndermek meselesine seredilmezden, hak isleýiş arzanyň kazyýete gelip gowşan pursatyndan, hak isleýiş arzasy kazyýetiň önümçiligine kabul edilip, administratiw iş açylýar we bu barada kesgitnama çykarylmaýar.

16. Administratiw kazyýet önümçiliginiň “birmeňzeş iş ýörediş” diýen düşünjäni özünde saklaýan kadasyna laýyklykda, administratiw edaranyň haýsydyr bir administratiw namasynyň kanunalaýyklygy bäşden köp işiň närsesi bolup durýan bolsa, kazyýet taraplary diňläp, birmeňzeş işleriň biri ýa-da birnäçesi boýunça deslapdan iş ýöredişi geçirip, şikaýat edilmäge degişli bolmadyk kesgitnama bilen beýleki iş ýöredişleri togtadyp biler.

Birmeňzeş işlerden düýp manysy boýunça seredilen iş boýunça çykarylan çözgüt kanuny güýje girenden soň, kazyýet eger beýleki birmeňzeş işleriň düýpli hukuk ýa-da hakyky aýratynlyklary ýok hem-de işiň ýagdaýlaryny doly anyklanan diýip hasaplaýan bolsa, beýleki hak isleýiş talaplaryny bir önümçilige birikdirip, dilden kazyýet seljermesini geçirmezden gatnaşyjylary diňläp, ähli hak islegler boýunça bir çözgüt çykaryp biler.

17. Raýat we administratiw kazyýet önümçiliklerinde dilden seljeriş geçirilen halatynda, kada bolşy ýaly, çözgüt seljerişiň tamamlanýan mejlisinde çykarylýar. Türkmenistanyň AdIÝK-a laýyklykda, işiň haýal etmän bellenilýän aýratyn ýagdaýlarynda, (gelnen netijäniň) çözgüdiň karara geliş bölegi iki hepdeden geçmeýän möhletiň dowamynda yglan edilmelidir we çözgüdiň doly görnüşi bolsa iş ýöredişe gatnaşyjylara yglan edilen gününden başlap ýedi günüň dowamynda gowşurylmalydyr.

Kazy, işe belli bir möhlet geçenden soň seredilmegi taraplaryň hukuklarynyň goraglylygynyň üpjün edilmegine zyýanly täsirini ýetirjek bolsa, şahsy ýa-da jemagat bähbitlerine ep-esli zyýan getirip biljek bolsa ýa-da işe seretmek mümkin bolmasa ýa-da başga zerur halatlary aýratyn ýagdaý hökmünde kesgitlese, işiň haýal etmän seretmäge bellenilmegine ýol berip biler. Mysal üçin: iýul-awgust aýlarynda 1-nji synpa gitmeli okuwçynyň degişli çäkdäki mekdebe okuwa kabul etmek barada resminamalary tabşyrylyp, şol aýyň soňky 10 günlüginde şol mekdebe okuwa almakdan ýüz dönderilmegi hakynda jogabyň gelip gowuşmagy ýa-da jogapsyz galdyrylmagy we ş.m.

Şeýle-de, administratiw işlere ýapyk kazyýet mejlisinde seredilen halatynda, onuň netijesi boýunça kazyýet kararynyň diňe karara geliş böleginiň yglan edilýändigi sebäpli, bu ýagdaýda hem çözgüdiň doly görnüşiniň iş ýöredişe gatnaşyjylara onuň yglan edilen gününden başlap ýedi günüň dowamynda gowşurylmalydygyna kazylar üns bermelidirler.

18. Administratiw kazyýet önümçiliginde hukuklaryň deslapdan goragynyň (raýat iş ýöredişinde bu düşünje “hak islegini üpjün etmek”) ulanylmagynyň özboluşly aýratynlyklary bardyr. Hukuklaryň deslapdan goragynyň administratiw kanunçylygynda göz öňünde tutulmagynyň maksady hak isleýjiniň bozulan ýa-da bozulyp bilinjek hukuklarynyň goraglylygyny üpjün etmekden ybaratdyr.

Eger administratiw nama çykarylyp, kazyýete jedelleşmek hakynda hak isleg bilen ýüz tutulan bolsa, onda administratiw namanyň ýerine ýetirilmegi öz-özünden togtaýar we şunda kazyýet tarapyndan hiç hili karar kabul edilmeginiň zerurlygy ýokdur, diňe degişli jogap berijiniň bu barada habarly edilmegi ýeterlikdir.

Şeýle-de, hak isleýji administratiw edara tarapyndan belli bir hereketleriň amala aşyrylmagyny ýa-da kararyň çykarylmagyny talap etse hem-de kazyýete borçnamany ýerine ýetirmek hakynda hak isleg bilen ýüz tutup, iş çözülýänçä administratiw edara tarapyndan talap edilýän kararyň wagtlaýyn kabul edilmegi barada haýyşnama bildirse, kazyýet Türkmenistanyň AdIÝK-nyň 45-nji maddasynyň 4-nji böleginiň 1-nji we 2-nji bentlerinde göz öňünde tutulan ýagdaýlar bolan halatynda, haýyşnamany kanagatlandyryp biler. Wagtlaýyn kararyň hak isleýjiniň talabyny doly kanagatlandyrman, diňe kazyýet karary çykarylýança hak

isleýjiniň mümkin bolan hukuklarynyň deslapky goragyny üpjün edýändigini kazyýetler nazara almalydyr.

Jedelleşmek hakynda hak islegi bilen ýüz tutulyp, Türkmenistanyň AdIÝK-nyň 45-nji maddasynyň 2-nji böleginde göz öňünde tutulan ýagdaýlaryň haýsy hem bolsa biri bolan halatynda, administratiw namanyň ýerine ýetirilmeginiň togtamaýandygyna üns berilmelidir. Ýagny:

1) hökmany jemagat tölegleri we çykdajylary tutulyp alnanda;

2) polisiýanyň işgärleriniň gaýragoýulmasyz buýruklary we çäreleri bolanda;

3) eger bu kanunda göz öňünde tutulan bolsa;

4) eger administratiw namanyň haýal etmän ýerine ýetirilmegi jemgyýetiň ýa-da hukuk tertibiniň maksatlary ýa-da işe gatnaşyjy şahsyň jemgyýetçilik bähbitlerinden agdyklyk edýän bähbitleri üçin zerur bolsa.

Şonuň bilen bir hatarda, jemagat bähbitleri bilen deňeşdirilende arza berijä ep-esli zelel abanýan bolsa ýa-da administratiw nama äşgär kanuna laýyk däl bolan halatlarynda Türkmenistanyň AdIÝK-nyň 45-nji maddasynyň 2-nji böleginiň 4-nji bendinde, ýagny administratiw namanyň haýal etmän ýerine ýetirilmegi jemgyýetiň ýa-da hukuk tertibiniň maksatlary ýa-da işe gatnaşyjy şahsyň jemgyýetçilik bähbitlerinden agdyklyk edýän bähbitleri üçin zerur bolan hem bolsa, hak isleýjiniň haýyşnamasy boýunça kazyýet administratiw namanyň ýerine ýetirilmegini togtadyp bilýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

Hökmany jemagat tölegleriň we çykdajylaryň tutulyp alynmagy diýip, ilki bilen salgytlary we döwlet paçlaryny tölemegiň hökmanylygyna düşünilýär. Fiziki we ýuridik şahslaryň tölemegi hökmany töleglerine Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda göz öňünde tutulan ähli salgytlaryň, ýygymlaryň we paçlaryň görnüşleri, polisiýanyň işgärleriniň gaýragoýulmasyz buýruklaryna we çärelerine jemgyýetçilik hukuk tertibini goramak ýa-da içeri işler edaralarynyň ilatyň asudalygyny goramak bilen bagly beýleki çäreleriniň bellenen düzgüne laýyklykda haýal etmän amala aşyrmaly ýagdaýlary hem-de kanunçylykda görkezilen beýleki çäreler degişlidir.

19. Türkmenistanyň AdIÝK-a laýyklykda, taraplar barlyşyk ylalaşygyny baglaşmak bilen kazyýet seljerişini tamamlap bilerler. Administratiw edaranyň jogap beriji hökmünde çykyş edýändiginden ugur alnyp, raýat kazyýet önümçiliginden tapawutlylykda, Türkmenistanyň AdIÝK-nyň 46-njy maddasynda barlyşyk ylalaşygyny diňe iş ýöredişe gatnaşyjylaryň hukuk jedelini dolulygyna ýa-da kem-käsleýin çözmek üçin jedeliň närsesine ygtyýar edip bilýän ýagdaýlarynda baglaşyp bilinýändikleri bellenendir. Raýat we administratiw kazyýet önümçilikleriniň umumy düzgünlerine görä, taraplaryň barlyşyk ylalaşygynyň şertleri, eger olar dilden mälim edilen bolsa, kazyýet mejlisiniň teswirnamasyna girizilýär we degişlilikde iş ýöredişe gatnaşyjylar tarapyndan gol çekilýär, eger taraplaryň barlyşyk ylalaşygy kazyýete berlen ýazmaça arzalarda beýan edilen bolsa, bu arzalar işe goşulýar, bu barada kazyýet mejlisiniň teswirnamasynda görkezilýär we islendik ýagdaýda kazyýetiň kesgitnamasy bilen tassyklanylýar. Şonuň bilen bir wagtda iş boýunça önümçiligi bes edilýär. Kesgitnamada taraplaryň barlyşyk ylalaşygynyň kazyýet tarapyndan tassyklanylýan şertleri görkezilmelidir.

Türkmenistanyň AdIÝK-nyň 46-njy maddasynyň 3-nji böleginde kazyýet

barlyşyk ylalaşygy kazyýetiň kesgitnamasy görnüşinde resmileşdirilen teklibini iş ýöredişe gatnaşyjylaryň ýazmaça kabul etmegi arkaly hem baglaşylyp bilner diýlip bellenendir. Ýagny, bu ýagdaýda iş ýöredişe gatnaşyjylaryň arasyndaky jedeliň çözülmeginiň has oňaýly we netijeli şertlerinden hem-de olaryň bähbitlerinden ugur alnyp, kazyýet tarapyndan taýýarlanan kesgitnama görnüşde çykarylan kazyýetiň teklibini iş ýöredişe gatnaşyjylaryň ýazmaça kabul etmegi bilen (razydyklary baradaky arzalaryny bermek arkaly) hem barlyşyk ylalaşygynyň baglaşylyp bilinýändigine we bu kesgitnamanyň öz gezeginde barlyşyk ylalaşygynyň resminamasy bolup duryandygyna üns berilmelidir.

Administratiw edaralaryň ygtyýarlyklarynyň kanun tarapyndan anyk kesgitlenendigi sebäpli, administratiw edaranyň jedeliň närsesine ygtyýar edip bilýän ýagdaýlary hökmünde, diňe aýdyň bolmadyk faktlar, has takygy birek-birege eglişik edilmegi bilen hakykat ýüzünde ýagdaýlaryň kesgitsizligini aradan aýyrýan ýagdaýlar bolup biler, hususan-da barlyşyk ylalaşyklary alternatiw häsiýetli meselelerde ýa-da aşaky we ýokarky çägi bellenilen pul talaplarynda ulanylýar (mysal üçin, pul talaplary aýdyň kesgitlenilmändigi sebäpli, bilermenler seljermesiniň geçirilmegi zerur bolup durýar, ýöne şu ýagdaýda bilermen üçin we beýleki çäreler üçin edilýän çykdajylar, sarp edilýän möhlet we işiň gyssaglylygy, bu jedeliň taraplaryň özara ylalaşyga gelmegine iterýändigini we has oňaýly boljakdygyny hem-de jogap beriji pul talabynyň möçberini bellenen möçberiň çäklerinde üýtgedip bilýändigi nazara alnyp, barlyşyk ylalaşygy baglaşylyp bilner, emma gurluşyk işlerine ygtyýarnamanyň berilmegi baradaky meselede oňaýly ýa-da oňaýsyz administratiw nama çykarylmaga degişlidigi sebäpli, administratiw edaranyň jedeliň närsesi babatynda hiç hili şertli eglişigi bolup bilmez).

20. Türkmenistanyň AdIÝK-da administratiw işler boýunça nägilelik basgançakly kazyýetlerde önümçilik raýat işler boýunça nägilelik basgançakly kazyýetlerdäki önümçilikler bilen kybapdaş bolup, onda Türkmenistanyň AdIÝK-da göz öňünde tutulan käbir aýratynlyklar bardyr.

Administratiw kazyýet önümçiliginde, birinji basgançakly kazyýetiň kesgitnamasyna şikaýat etmegiň möhleti on gündür. Nägilelik basgançakly kazyýet diňe welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleriň administratiw işleri boýunça kazyýet kollegiýasy bolup bilýär. Nägilelik basgançakly kazyýet jedeli nägilelik şikaýatynyň çäklerinde birinji basgançakly kazyýetiň barlaýşy ýaly möçberde barlaýar, kazyýetiň nägilelik şikaýatyň çäklerinden çykmaga hukugy ýokdur, ýöne onuň ýazgysy bilen bagly däldir.

Nägilelik şikaýaty ýol bererlikli bolmasa, onda ol ýüz dönderilmäge degişlidir, bu barada iş ýöredişe gatnaşyjylar diňlenilenden soň kesgitnama çykarylýar. Nägilelik basgançakly kazyýetiň kesgitnamasyna on günüň dowamynda ýokary nägilelik basgançakly kazyýete şikaýat edip bolýar, nägilelik basgançakly kazyýetiň kesgitnamasyna şikaýat berilmedik bolsa, onda şikaýat etmegiň möhleti geçeninden soňra, kazyýet kararlary kanuny güýje girýär.

21. Administratiw kazyýet önümçiliginde kazyýet kararlarynyň kanuny güýje girmegi bilen bagly aýratynlygy Türkmenistanyň AdIÝK-nyň 58-nji maddasynda görkezilendir. Oňa görä-de, kazyýetleriň kanuny güýje giren kararlary şikaýat edilmäge degişli däldir. Administratiw kazyýet önümçiliginde raýat kazyýet

önümçiligine mahsus bolan gözegçilik basgançakly kazyýet önümçiligi hereket etmeýär.

22. Ýokary nägilelik basgançagynda Türkmenistanyň AdIÝK-nyň IX babynda bellenen käbir aýratynlyklary (ýol bererliliginiň esaslary, ýokary nägileligiň esaslylygy, kazyýetiň çözgüdini sökmek üçin jedelsiz esaslar) göz öňünde tutup, möhletleri goşmak bilen, degişlilikde nägilelik önümçiliginiň düzgünleriniň ulanylýandygyny Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň administratiw işleri boýunça kazyýet kollegiýasy göz öňünde tutmalydyr.

23. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň administratiw işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri degişli kazyýetler tarapyndan administratiw işleriniň öz wagtynda we dogry seredilmegini üpjün etmelidirler hem-de bu görnüşli işler boýunça kazyýet iş tejribesini yzygiderli umumylaşdyryp, ýüze çykarylan kemçilikleri aradan aýyrmak maksady bilen degişli çäreleri görmelidirler, şol sanda kazyýetlere zerur bolan amaly kömekleri bermelidirler.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy B.Hojamgulyýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy G.Ýegenmämmedowa

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ
PLENUMYNYŇ
K A R A R Y № 2

2025-nji ýylyň 19-njy iýuly Aşgabat şäheri

Administratiw işler boýunça kazyýetiň çözgüdi hakynda

(25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň karary esasynda girizilen üýtgetme bilen)

Kazyýetiň çözgüdi administratiw işleri boýunça adyl kazyýetligi amala aşyrmaklygyň möhüm resminamasydyr, ol kazylary çözgüt çykarmaklyga aýratyn jogapkärçilikli we ünsli çemeleşmäge borçly edýär.

Administratiw işleri boýunça kazyýetiň çözgüdiniň kabul edilmegini düzgünleşdirýän iş ýörediş kanunçylygynyň kadalarynyň dogry ulanylmagyny üpjün etmek we birmeňzeş kazyýet iş tejribesini ýola goýmak maksady bilen, "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy kazyýetlere şu ugrukdyryjy düşündirişleri bermekligi

K A R A R E D Ý Ä R:

1. Türkmenistanyň Administratiw iş ýörediş kodeksiniň (mundan beýläk Türkmenistanyň AdIÝK-nyň) 2-nji maddasynyň ikinji bölegine laýyklykda, eger-de Türkmenistanyň AdIÝK-da kazyýet önümçiligini amala aşyrmak hakynda düzgünler bellenilmedik bolsa, onda degişlilikde, eger olar Türkmenistanyň AdIÝK-nyň esasy ýörelgelerine we maksatlaryna garşy gelmeýän bolsa, Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň (mundan beýläk Türkmenistanyň RIÝK-nyň) we beýleki kanunlaryň kadalary ulanylýar.

Şu kada administratiw kazyýet önümçiliginde kazyýetiň çözgüdiniň kabul edilmegi bilen baglylykda hem ulanylýar. Türkmenistanyň AdIÝK-da kazyýetiň çözgüdi bilen bagly esasy kadalaryň göz öňünde tutulmandygy sebäpli, administratiw işler boýunça kabul edilýän kazyýetiň çözgüdi babatynda Türkmenistanyň RIÝK-da bellenen kadalaryň ulanylýandygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Administratiw işleri boýunça kabul edilýän kazyýetiň çözgüdine bildirilýän talaplar babatynda, Türkmenistanyň AdIÝK-da bellenen aýratynlyklary nazara almak bilen, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumynyň 2016-njy ýylyň 27-nji dekabryndaky "Kazyýet çözgüdi hakynda" 7 belgili kararynda berlen ugrukdyryjy düşündirişler ulanylyp bilner.

2. Türkmenistanyň RIÝK-nyň düzgünlerine laýyklykda, administratiw işleri boýunça kazyýet kararlary birinji basgançakly kazyýetde çözgüt we kesgitnama görnüşinde kabul edilýär.

Türkmenistanyň RIÝK-nyň 237-nji maddasynyň çözgüdiň mazmuny baradaky talaplary administratiw kazyýet önümçiligi, ýagny kazyýet seljerişiniň ýazmaça ýa-da dilden geçirilen görnüşleri üçin hökmanydyr. Kazyýetiň çözgüdi giriş, beýan ediş, delillendiriş we karara geliş böleklerden ybaratdyr.

3. Birinji basgançakly kazyýetlerde administratiw işlere kazy tarapyndan ýekelikde seredilýär, şunda kazy işleri ýa-da iş ýöredişiň beýleki meselelerini çözende kazyýetiň adyndan hereket edýär. Kazyýet seljerişinden daşary ýüze çykýan ähli meseleler hem kazy tarapyndan ýekelikde çözülýär.

4. Işiň düýp manysy boýunça çözülýän birinji basgançakly kazyýetiň karary Türkmenistanyň adyndan kabul edilýär we kazy tarapyndan çözgüt görnüşinde çykarylýar.

Çözgüdiň mazmunynda: wakalaryň we ýagdaýlaryň artykmaç jikme-jikleşdirilmegine; hukugyň jedele dahyly bolmadyk kadalarynyň beýan edilmegine; kabul edilmedik gysgaltmalaryň we resmi resminamalarda ulanylmaýan sözleriň ulanylmagyna ýol berilmeýär. Çözgüdiň mazmunynda gysgaltmalaryň ulanylmagy ol ilkinji gezek agzalanda doly manysynyň açylan ýagdaýynda mümkindir.

Çözgüt keseki şahslaryň täsirini we maslahatyň syrynyň aýan edilmegini aradan aýyrýan şertlerde çykarylmalydyr.

5. Çözgüt ýazmaça görnüşde hem-de Türkmenistanyň Raýat we Administratiw iş ýöredişi kodekslerinde bildirilýän talaplara laýyklykda düzülýär.

6. Türkmenistanyň RIÝK-nyň 233-nji maddasynda kazyýetiň çözgüdi kanuny we esaslandyrylan bolmalydygyna we şol maddanyň ikinji böleginde kazyýetiň çözgüdiniň diňe kazyýet mejlisinde barlanylan subutnamalara esaslandyrylmalydygyna, şonuň bilen birlikde Türkmenistanyň AdIÝK-nyň 15-nji maddasynda, iş ýöredişe gatnaşyjylaryň razylygy bolan ýagdaýynda, kazyýet jedeli dilden seljermezden çözüp bilýändiginiň kesgitlenendigi bilen baglylykda, ýazmaça tertipde geçirilen kazyýet seljerişiniň dowamynda, kazyýet mejlisiniň geçirilmeýändigine, hususan-da, taraplaryň beren we kazyýetiň öz başlangyjy boýunça toplan subutnamalarynyň diňe kazyýet tarapyndan barlanylyp, baha berilmegi esasynda çözgüdiň çykarylyp bilinýändigine kazyýetler üns bermelidir.

Şeýle ýagdaýlarda kazyýet mejlisiniň teswirnamasynyň düzülmeýändigine, kazyýetiň çözgüdiniň maslahat otagynda çykarylmaýandygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

7. Çözgüt, haçan-da ol iş ýöredişi hukugynyň kadalaryny berjaý etmek bilen we agzalan hukuk gatnaşygyna ulanylmaga degişli maddy hukugyň kadalaryna doly laýyklykda çykarylan, ýa-da zerur halatlarda meňzeş gatnaşygy düzgünleşdirýän kanunyň ulanylmagyna esaslanan, ýa-da kanunçylygyň umumy başlangyçlaryndan we manysyndan hem-de päk ýüreklilik, paýhaslylyk we adalatlylyk talaplaryndan gelip çykan halatlarynda kanuny bolup durýar.

Kanunyň subutnamalaryň degişlilik, ýol bererlik we hakykylyk baradaky talaplaryny kanagatlandyrýan, kazyýet tarapyndan barlanan subutnamalar bilen tassyk edilen ýa-da subut edilmegi zerur bolup durmaýan umumy mälim bolan ýagdaýlar we umumylykda jedeli çözmek üçin ýeterlik bolup durýan, agzalan iş

üçin ähmiýeti bolan ýagdaýlar beýan edilen çözgüt esaslandyrylan diýlip hasap edilýär.

8. Hak isleginiň ýol bererliligi baradaky (kazyýetiň agzalan jedeli düýp manysy boýunça seredip bilmegi) mesele aýdyňlaşdyrylandan soň kazyýet hak isleginiň esaslylygyny barlamaga girişýär we kazyýet seljerişi dilden amala aşyrylan halatynda, kesgitnama bilen kazyýet mejlisiniň geçiriljek wagty we ýeri bellenilýär.

Eger kazyýet hak islegini ýol bererlikli däl (kazyýetiň agzalan jedeli düýp manysy boýunça seredip bilmezligi) diýip hasap etse, onda ol hak islegi ýol bererlikli däldigi sebäpli ýüz dönderýär. Kesgitnama onuň gowşurylan pursatyndan on günüň dowamynda hak isleýji tarapyndan şikaýat edilip bilner.

Çylşyrymly bolmadyk meseleler çözülende kazyýet maslahat otagyna gitmezden taraplaryň goýulýan mesele boýunça pikirlerini diňläp, oturan ýerinde kesgitnama çykaryp biler. Bu barada kazyýet mejlisiniň teswirnamasynda görkezilýär.

9. Administratiw önümçiliginde kazyýetiň çözgüdiniň giriş, beýan ediş, delillendiriş we karara geliş bölekleriniň mazmunyna bildirilýän talaplar, şeýle-de olarda ýalňyşlary we göz-görtele arifmetiki ýalňyşlyklary düzetmegiň, goşmaça çözgüdi çykarmagyň tertibi, kazyýetiň çözgüdini düşündirmek düzgünleri Türkmenistanyň RIÝK-nyň talaplaryna laýyklykda kesgitlenilýär.

10. Çözgüdiň giriş böleginde kazyýetiň çözgüdi çykarylan wagty we ýeri, çözgüdi çykaran kazyýetiň ady, kazy, kazyýet mejlisiniň kätibi, taraplar, kazyýet mejlisine gatnaşan administratiw iş ýöredişiň gatnaşyjylary we olaryň wekilleri barada maglumatlar, şeýle hem jedeliň närsesi ýa-da bildirilen talap görkezilýär.

Daşary ýurt raýatlarynyň we raýatlygy bolmadyk adamlaryň familiýasy, ady, atasynyň ady kazyýetiň çözgüdinde şahsyýetini tassyklaýan resminamada görkezilen transkripsiýasynda görkezilýär we oňa nädogry düşünilmeginiň öňüni almak maksady bilen, kazyýet önümçiliginiň dilinde gaýtalanyp bilner.

Eger-de, tarap ýuridik şahs bolsa, onda onuň ady guramaçylyk-hukuk görnüşini doly görkezmek bilen, döwlet belligine almak baradaky resminamalara laýyklykda görkezilmelidir.

11. Beýan ediş bölekde, Türkmenistanyň RIÝK-nyň 237-nji maddasynyň üçünji böleginiň talaplaryndan başga-da, öň bolup geçen ýöne jedel bilen gönüden-göni baglanyşykly jedelsiz ýagdaýlar gysgaça görnüşde beýan edilip bilner. Şunda hak isleginiň we hak islegine seslenmäniň doly gaýtalanmagyna we nusgasynyň alynmagyna ýol berilmeýär.

Kazyýet mejlisiniň wagty we ýeri hakynda habar berlen şahslaryň gelmezliginiň sebäpleri we kazyýetiň olaryň bolmazlygynda işe seretmek mümkinçiligi baradaky netijeleri, degişlilikde Türkmenistanyň Raýat iş ýöredişi kodeksiniň 192-nji maddasynyň 3-5-nji böleklerine salgylanmalar bilen kazyýetiň çözgüdiniň beýan ediş böleginde görkezilmäge degişlidir.

Çözgüdiň beýan ediş böleginde administratiw iş ýöredişiň gatnaşyjylarynyň delilleri we olaryň esaslandyrylýan subutnamalary görkezilmelidir.

12. Bildirilen talaplaryň mazmuny, şol sanda, eger-de hak isleýji hak isleginiň esaslaryny ýa-da närsesini üýtgeden, hak isleýiş talabyny azaldan ýa-da artdyran bolsa, çözgüdiň beýan ediş böleginde görkezilmelidir.

Hak isleginiň närsesi hak isleýjiniň anyk talaplary bilen şertlendirilýär we ýüz tutýanyň hukuklarynyň, azatlyklarynyň ýa-da kanuny bähbitleriniň bozulmagynyň esasyny görkezmek bilen, maddy-hukuk talaby hökmünde kesgitlenýär.

Hak isleýiş talaplarynyň möçberiniň artdyrylmagyna ýa-da azaldylmagyna hak isleginiň närsesiniň üýtgedilmegi hökmünde garalyp bilinmez, çünki gürrüň talabyň möçberiniň takyklanmagy barada barýar.

Hak isleginiň esasy diýip, hak isleýji tarapyndan görkezilýän hak isleginiň närsesi bolup durýan maddy-hukuk gatnaşygynyň ýüze çykmagyny, üýtgemegini ýa-da bes edilmegini belleýän ýuridik faktlara düşünilmelidir.

Türkmenistanyň AdIÝK-nyň 33-nji maddasyna laýyklykda, hak isleginiň närsesi kesgitlenende, kazyýet hak isleýiş talaplarynyň kesgitlenilişi, hak isleginiň mazmuny we oňa goşulan ýa-da soňra berlen resminamalar, şeýle-de hak isleginiň bildirilen esaslary bilen bagly däldir.

Şunda kazyýetiň hak isleýiş talaplarynyň çäginden çykmaga we öz başlangyjy boýunça hak isleginiň närsesini üýtgetmäge hakly däldigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Türkmenistanyň AdIÝK-nyň 12-nji maddasynda göz öňünde tutulan, kazyýetiň öz başlangyjy boýunça işiň ähli ýagdaýlaryny anyklamak ýörelgesini (inkwizisionlyk ýörelgesi) durmuşa geçirmek bilen, muňa esaslar bolanda, kazyýetler hak isleýjä hak isleýiş talaplaryny dogry kesgitlemeklige ýardam bermäge we ugrukdyrmaga borçludyrlar.

13. Çözgüdiň beýan ediş böleginde jogap berijiniň närazylyklary (seslenmeleri) we administratiw iş ýöredişiň beýleki gatnaşyjylarynyň düşündirişleri görkezilmelidir.

Administratiw iş ýöredişiň gatnaşyjylarynyň we beýleki iş ýöredişe gatnaşyjylaryň düşündirişleri çözgütde üçünji şahsyň adyndan, gysga, jedeliň düýp manysy boýunça beýan edilýär.

Şol bir wagtyň özünde wagt aralygyny takyk görkezmek bilen audio, wideo ýazgylara, işiň belgisini, işiň sahypasyny görkezmek bilen administratiw işiň materiallaryna salgylanmaga ýol berilýär.

Şeýle-de, çözgüdiň beýan ediş böleginde çözgüt çykarylanda kazyýet tarapyndan çözülmäge degişli bildirilen haýyşnamalar (çözgüdi haýal etmän ýerine ýetirmek hakynda we beýlekiler), ýokarda durýan edara tarapyndan kabul edilen çözgüdi we ony kabul eden wezipeli adam barada maglumatlary gysga beýan etmek bilen, hak isleýji tarapyndan administratiw tertipde jedeli çözmegiň tertibiniň berjaý edilişi (ol bolan ýagdaýynda), agzalan resminama gol çeken wezipeli adam barada maglumatlary görkezmek bilen, ýokarda durýan administratiw edaranyň delillendirilen garaýşynyň gysgaça mazmuny beýan edilýär.

14. Türkmenistanyň AdIÝK-nyň 22-nji we 23-nji maddalary hak isleginiň görnüşine baglylykda hak isleginiň berilmeginiň möhletini we möhleti hasaplamagyň tertibini göz öňünde tutýar.

Esasly sebäplere görä hak islegini bermegiň geçirilen möhleti dikeldilse, kazyýet bu barada çözgüdiň beýan ediş böleginde görkezmäge borçludyr.

Hak islegini kazyýete bermegiň möhletiniň geçirilmegi we şunda kazyýetiň möhletiň geçirilmegini esassyz diýip hasaplamagy, hak isleginiň ýol bererlikli däldigi sebäpli kanagatlandyrmakdan ýüz dönderilmegine esas bolup durýandygyny kazyýetlere düşündirmeli.

Eger-de, hak isleýiş arzasy ozal Türkmenistanyň RIÝK-nyň 261-nji maddasynyň bäşinji bölegine laýyklykda, hak isleýji tarapyndan yzyna alynmagy esasy boýunça gaýtarylan bolsa we soňra gaýtadan şol hak isleýiş arza birinji basgançakly kazyýetiň önümçiligine kabul edilen ýagdaýynda, ozalky hak isleýiş arzasy boýunça kazyýet möhleti dikeltmek baradaky meseläni çözen hem bolsa, soňraky berlen hak isleýiş arzasy boýunça hem, möhleti dikeltmek baradaky meselä baha berilmelidir.

Nägilelik basgançakly kazyýet ýa-da ýokary nägilelik basgançakly kazyýet tarapyndan, kazyýetiň karary sökülenden soň birinji basgançakly kazyýet işe täzeden seredende, hak islegini bermegiň möhletini dikeltmek meselesini barlamaýar. Sebäbi şol bir hak isleýiş arzasyna diňe täze düzümde düýp manysy boýunça seredilýär.

15. Çözgüdiň delillendiriş böleginde işiň kazyýet tarapyndan anyklanan ýagdaýlary, işiň ýagdaýlary hakynda kazyýetiň netijeleri esaslandyrylan subutnamalar, kazyýetiň ol ýa-da beýleki subutnamalary ret edýän delilleri, kazyýetiň gollanan kanunlary görkezilýär.

Türkmenistanyň RIÝK-nyň 234-nji maddasyna laýyklykda, kazyýet subutnamalara baha berýär, iş üçin ähmiýeti bolan haýsy ýagdaýlaryň anyklanandygyny we haýsylarynyň anyklanylmandygyny, bu iş boýunça haýsy kanunyň ulanylmalydygyny we hak isleginiň kanagatlandyrylmaga-kanagatlandyrmakdan ýüz dönderilmäge degişlidigini kesgitleýär.

Çözgütde taraplaryň beren delillleriniň we subutnamalarynyň birtaraplaýyn beýan edilmegine ýol berilmeýär. Kazyýet taraplaryň delillleriniň, berlen subutnamalaryň haýsy esaslara görä kabul edilmändigini we taraplaryň salgylanýan maddy hukugynyň kadalarynyň haýsy esaslara görä ulanylmandygyny görkezmäge borçludyr.

16. Eger-de administratiw işde birnäçe talaplar bildirilen bolsa, onda kazyýet ähli talaplar boýunça çözgüt kabul edýär we taraplaryň çözgüdiň beýan ediş böleginde görkezilen her bir delili boýunça esaslandyrma getirýär.

Çözgüdiň karara geliş bölegine düýp manysy boýunça seredilmedik hak isleg talaplar boýunça kazyýetiň netijeleriniň goşulmagyna ýol berilmeýändigini, bu talaplar boýunça kazyýetiň netijeleri çözgütden aýry kazyýet kararynda, ýagny kesgitnamada beýan edilýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

17. Türkmenistanyň AdIÝK-nyň 38-nji maddasynda we beýleki kadalarynda bellenen aýratynlyklary nazara alyp, subutnamalary, subutnamalar hökmünde ýol berilmeýän hakyky maglumatlary, subut etmegiň närsesini we

subutnamalaryň çeşmelerini, şeýle-de subutnamalary toplamagy, barlamagy, baha bermegi we ulanmagy (subut etmegi) hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň tertibi hem-de subutnamalar we subut etmek hakyndaky beýleki düzgünler, Türkmenistanyň RIÝK-nyň kadalary bilen kesgitlenýär.

Çözgüt işiň ýagdaýlary baradaky çaklamalara esaslanyp bilmez. Kazyýet çözgütde, döwlet syryny ýa-da kanun arkaly goralýan başga syry özünde saklaýan resminamalardan başga, diňe özi tarapyndan ýazmaça ýa-da dilden seljerişde barlanan subutnamalara salgylanmaga haklydyr.

Iş boýunça subutnamalar özünde döwlet syryny ýa-da kanun arkaly goralýan beýleki syrlary saklaýan bolsa, olar Türkmenistanyň AdIÝK-nyň 13-nji maddasynyň ikinji we üçünji bölekleriniň, Türkmenistanyň RIÝK-nyň 20-nji maddasynyň talaplaryny berjaý etmek bilen, ýapyk kazyýet mejlisinde barlanýar.

Kazyýet çözgüdiň delillendiriş böleginde şeýle subutnamalaryň mazmunyny açmazdan, diňe iş boýunça anyklanan ýagdaýlary nazara almak bilen olara baha berýär.

Administratiw iş ýöredişine gatnaşyjynyň sanly wideoaragatnaşyk ulgamyny peýdalanmak arkaly kazyýet mejlisine gatnaşmaklygy, eger ol tarapyndan resminamalaryň asyl nusgalary, ýazmaça we maddy subutnamalar bilen hut özüniň tanyşdyrylmagy barada haýyşnama bildirmedik bolsa, onuň iş boýunça subutnamalary barlamaga gatnaşandygyny aňladýar.

Hak isleýjiniň delilleri bilen ylalaşylmadyk ýa-da onuň beren subutnamalarynyň ret edilen ýagdaýynda, kazyýet administratiw tertipde ýokarda durýan edara tarapyndan seredilen şikaýat boýunça seretmegiň netijeleri boýunça çözgüde salgylanmaga, eger-de onda beýan edilen esaslandyrmalary gutarnykly diýip hasap edýän bolsa, haklydyr.

18. Kazyýetiň çözgüdi çykarmak üçin maslahat otagyna gitmegine çenli jogap beriji hak islegini dolulygyna ýa-da bölekleýin ykrar etmäge haklydyr.

Kazyýet ykrar etmegi kabul etmekden öň taraplara hak islegini ykrar etmegiň netijelerini düşündirýär.

Kazyýet jogap berijiniň hak islegini ykrar etmegini, eger bu hereketler kanuna ters gelmeýän ýa-da kimdir biriniň hukuklaryny, azatlyklaryny ýa-da kanuny bähbitlerini bozmaýan bolsa kabul edýär.

Eger jogap berijiniň hak islegini ykrar etmegi kazyýet tarapyndan kabul edilmese, ol maslahat otagyna gitmezden bu hakda kesgitnama çykarýar we işe düýp manysy boýunça seretmegini dowam etdirýär.

Kazyýet jogap berijiniň hak islegini ykrar etmegini kabul eden halatynda, onuň ykrar etmegine laýyklykda çözgüt çykarýar. Şu ýagdaýda, kazyýetiň çözgüdiniň delillendiriş böleginde diňe hak islegiň ykrar edilmegi we onuň kazyýet tarapyndan kabul edilmegi görkezilip bilner.

Eger kazyýet seljerişinde tarap özüne bildirilen hak isleýiş talabyny bölekleýin ykrar edýän bolsa, onda kazyýet hak islegiň ykrar edilmedik bölegi boýunça subutnamalary barlaýar we iş düýp manysy boýunça çözgüt çykarylanda çözülýär.

19. Eger kazyýet subutnamalaryň her birine aýratynlykda baha berip, haýsydyr bir ýagdaýlaryň şaýatlaryň görkezmeleri ýa-da beýleki materiallar bilen

tassyklanmaýandygyny anyklan bolsa, bu ýagdaýlara taraplar öz talaplarynyň we närazylyklarynyň esaslary hökmünde salgylanan bolsalar, onda kazyýet şol ýagdaýyň hakykat ýüzünde bolandygy ýa-da bolmandygy babatynda gelen netijesini diňe kanunda göz öňünde tutulan beýleki subut ediş serişdelerine salgylanmak bilen esaslandyrmaga haklydyr we bu barada çözgüdiň delillendiriş böleginde görkezýär.

20. Kazyýet çözgüdiň karara geliş böleginde, çözgüdiň delillendiriş böleginde görkezilen hakyky ýagdaýlardan gelip çykýan, hak islegini doly ýa-da bölekleýin kanagatlandyrmak ýa-da kanagatlandyrmakdan doly ýa-da bölekleýin ýüz döndermek baradaky kazyýetiň netijesi, kazyýet çykdajylaryny paýlamaga görkezme, çözgüde şikaýat etmegiň möhletine we tertibine bolan görkezme bolmalydyr, şeýle-de, Türkmenistanyň AdIÝK-nyň aýratynlyklaryny nazara almak bilen Türkmenistanyň RIÝK-nyň 238-242-nji maddalarynda goýlan meseleler beýan edilip görkezilmelidir.

21. Eger iş boýunça birnäçe hak islegi bildirilende, şol hak islegleriň düýp manysy boýunça çözülmedik bölegi (bes etmek, seretmän galdyrmak we beýl.) boýunça kazyýetiň gelen netijesi kesgitnama görnüşinde çykarylmaga degişlidir. Düýp manysy boýunça çözülmäge degişli beýleki hak islegler boýunça bolsa, kazyýet tarapyndan onuň kanagatlandyrylandygy-kanagatlandyrmakdan ýüz dönderilendigi barasynda çözgüt çykarylýar.

Çözgüt çykarylanda, kazyýet çykdajylaryny taraplaryň arasynda paýlamak baradaky talaplary berjaý edilmelidir.

22. Kazyýetiň çözgüdini ýerine ýetirmekde düşnüksizlik we jedel ýüze çykmaz ýaly, çözgüdiň karara geliş bölegi takyk we aýdyň beýan edilmelidir.

Hak isleýji tarapyndan berlen ýa-da birnäçe hak isleginiň bir önümçilige birikdirilen ýa-da jedel närsesi barasynda özbaşdak talaplary bildirýän üçünji taraplaryň hak isleginiň kabul edilen ýagdaýynda, çözgüdiň karara geliş böleginde her bir hak islegi kimiň nähili takyk hereketleri kimiň peýdasyna etmelidigi, jedel edilýän hukugyň kimiň tarapyna ykrar edilendigi barada anyk beýan edilmelidir.

Kazyýetiň işe gatnaşmaga çekilmedik şahslaryň hukuklary we borçlary baradaky meseläni çözmäge haky ýokdur.

23. Eger kazy işiň netijesi boýunça, Türkmenistanyň RIÝK-nyň 251-nji maddasynda göz öňünde tutulan esaslar ýa-da beýleki esaslar boýunça çözgüdiň haýal etmän ýerine ýetirilmegini zerur diýip hasap eden halatlarynda, çözgüdiň haýal etmän ýerine ýetirilmelidigi barasynda onuň karara geliş böleginde görkezmäge haklydyr, ýöne bu kazyýet tarapyndan delillendirilmelidir.

Hak islegini doly ýa-da bölekleýin kanagatlandyrmakdan ýüz döndermek barada çözgüt çykarylanda, hak islegini kanagatlandyrmakdan ýüz dönderilen hak isleýji barada hem-de hak islegi boýunça talap bildirilen jogap beriji barada maglumatlar görkezilmelidir.

24. Jedelleşmek hakynda hak islegi boýunça kazyýetiň çözgüdi, "Administratiw önümçilik hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 37-nji, Türkmenistanyň AdIÝK-nyň 25-nji, 41-nji, Türkmenistanyň RIÝK-nyň 234-nji maddalarynyň talaplaryna laýyk gelmelidir.

Hak isleýjiniň oňaýsyz administratiw nama barasynda jedelleşip bilýändigine, ol barada düşünje “Administratiw önümçilik hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasynyň 7-nji bendinde görkezilendigine kazyýetler üns bermelidirler.

Jedelleşmek hakynda hak islegini kanagatlandyranda, kazyýet administratiw namanyň kanuna laýyk däldiginiň hukuk netijeleri boýunça çözgüt kabul etmelidir.

Eger kazyýet oňaýsyz administratiw namanyň kanuna laýyk däldigini ykrar edýän bolsa, ol şeýle namany dolulygyna ýa-da bölekleýin ýatyrýar.

25. Türkmenistanyň AdIÝK-nyň 45-nji maddasyna laýyklykda, jedelleşmek hakynda hak isleg bilen kazyýete ýüz tutulmagy jedelleşilýän administratiw namanyň ýerine ýetirilmegini togtadýar.

Eger hak isleg bilen ýüz tutulýança, Türkmenistanyň AdIÝK-nyň 45-nji maddasynyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan halatlaryň biri bolup, jedelleşilýän administratiw namanyň ýerine ýetirilmegini togtatmaklyk (hak isleginiň gaýra goýujy hereketi) aradan aýrylan bolsa, kazyýet hak isleýjini hukuk gatnaşyklardaky başlangyç ýagdaýa getirmek üçin hereketleriň amala aşyrylmagy babatda jogap berijini borçlandyryp biler. Bu ýagdaýda kazyýetiň çözgüdi gös-göni jogap beriji tarapyndan ýerine ýetirilip, administratiw namanyň ýerine ýetirilmegi bilen bagly netijeleri doly aýrylmalydyr we hak isleýjiniň administratiw namanyň ýerine ýetirilmegine çenli hukuk gatnaşyklarynda bolan başlangyç ýagdaýy dikeldilmelidir.

26. Borçnamanyň ýerine ýetirilmegi hakynda hak islegi boýunça kazyýetiň çözgüdi Türkmenistanyň AdIÝK-nyň 26-njy, 42-nji, Türkmenistanyň RIÝK-nyň 234-nji maddalarynyň talaplaryna laýyk gelmelidir.

Borçnamany ýerine ýetirmek hakyndaky hak islegi boýunça kazyýet oňaýly administratiw namanyň kabul edilmezliginiň kanunylygyny barlaýar we administratiw edaranyň administratiw namany kabul etmezligi boýunça hereketleriniň kanuna laýyk gelmeýändigini anyklan halatynda, administratiw edarany şeýle namany kabul etmäge borçly edýär.

Eger administratiw edara diskresion ygtyýarlyklar (öz garaýşyň boýunça hereket etmek hukugy - administratiw edara çözgütler kabul edilende öz garaýşy boýunça hereket etmäge ýa-da kanuna laýyk gelýän mümkin bolan çözgütleriň birini saýlamak ygtyýarlygy) berlen bolsa, kazyýet administratiw edarany kazyýetiň çözgüdini nazara almak bilen, täze netijä gelmäge borçly edýär.

Eger administratiw edara diskresion ygtyýarlyklar berilmedik bolsa, kazyýetiň çözgüdiň karara geliş böleginde administratiw namanyň mazmunyny we kabul edilmeli möhletini we iş üçin ähmiýetli beýleki ýagdaýlary kesgitläp bilýändigini kazyýetlere düşündirmelidir.

Türkmenistanyň AdIÝK-nyň 26-njy maddasynyň üçünji bölegine laýyklykda, borçnamany ýerine ýetirmek hakyndaky hak islegi arkaly hak isleýji administratiw namany çykarmak bilen bagly bolmadyk hereketiň amala aşyrylmagyny talap edip biler.

Administratiw namany çykarmak bilen bagly bolmadyk hereketiň amala aşyrylmagy baradaky talap kanagatlandyrylan halatynda, çözgüdiň karara geliş böleginde kazyýet jogap berijini administratiw namany çykarmak bilen bagly

bolmadyk anyk hereketleri amala aşyrmaklyga borçlandyrýar we onuň ýerine ýetirilmeginiň möhletini belläp biler. Mysal üçin, hak isleýji tarapyndan berilmegi gadagan bolmadyk maglumatlar soralyp, administratiw edara tarapyndan olar berilmedik halatynda, Türkmenistanyň kanunçylygynda bu maglumatlaryň berilmeginiň tertibi we möhleti bellenilen bolsa, onda kazyýet administratiw edarany şol tertipde, görnüşde we şol möhletiň çäginde maglumatlary bermeklige borçly edýär we bu barada çözgüdiniň karara geliş bölegine görkezýär.

28. Kada gözegçilik hakyndaky hak islegi boýunça, hak islegi esasly bolan halatynda, kazyýet çözgüdiň karara geliş bölegine şol kadalaşdyryjy hukuk namasyny kabul eden administratiw edarany, namanyň adyny, görnüşini, kabul edilen wagtyny we belgisini görkezmek bilen, degişli namany hakyky däl diýip ykrar etmek barada netijä gelýär. Şeýle-de, hakyky däl diýlip ykrar edilen kadalaşdyryjy hukuknama Türkmenistanyň Adalat ministrliginde döwlet belligine alnan bolsa, şol belligi almagy ýatyrmak barada hem görkezmelidir.

Bu çözgüt hakyky däl diýlip ykrar edilen kadalaşdyryjy hukuknamany kabul eden administratiw edara üçin hökmanydyr, şeýle-de şol nama bilen hukugyna ýa-da borjuna täsir edilýän her bir şahsa degişlidir. Şol kadalaşdyryjy hukuk namasyny çykaran edara kadalaşdyryjy hukuk namasyny çap etmek babatda bellenilen tertipde kazyýetiň çözgüdiniň karara geliş bölegini çap edýär.

29. Türkmenistanyň AdIÝK-nyň 28-nji maddasyna laýyklykda, hak isleýjiniň bildiren administratiw edaranyň hereketiniň (hereketsizliginiň) bikanunlygyny anyklamak ýa-da bikanun diýip bilmek hakynda hak islegi kanagatlandyrylmaga degişli bolsa, kazyýet hak isleýjiniň talaby boýunça çözgüdiň karara geliş bölegine oňaýsyz administratiw namanyň dolulygyna ýa-da bölekleýin bikanun diýip bilinýändigi sebäpli, çözgüdiň delillendiriş bölegine administratiw namanyň güýjüni ýitirendigi ýa-da ýatyrylandygy sebäpli, ony ýatyrmaklygyň zerurlygynyň ýokdugy barada görkezmelidir.

30. Kazy çözgüt kabul edenden we oňa gol çekenden soň, ony yglan edýär. Türkmenistanyň AdIÝK-nyň 40-njy maddasynyň dördünji bölegine laýyklykda, çözgüt dilden kazyýet seljerişiň tamamlanýan mejlisinde yglan edilýär.

Kazyýetiň esaslandyrylan çözgüdiniň düzülmegi gaýra goýlup bilner, ýöne çözgüdiň karara geliş bölegini kazyýet işiň seljerişiniň tamamlanan kazyýet mejlisinde yglan etmelidir. Kazyýetiň çözgüdiniň yglan edilen karara gelinýän bölegine kazy tarapyndan gol çekilmelidir we işe goşulmalydyr. Esaslandyrylan çözgüdi düzmekliginň gaýra goýulmagynyň möhleti, onuň taýýar görnüşiniň iş ýöredişe gatnaşyjylara yglan edilen gününden başlap ýedi günden giç bolmadyk möhletde gowuşmagynyň üpjün edilmegini göz öňünde tutmak bilen hasaplanylmalydyr.

Dilden kazyýet seljerişinde kazyýetiň çözgüdi maslahat otagynda çykarylýar. Beýleki adamlaryň maslahat otagynda bolmagyna ýol berilmeýär.

Başlyklyk ediji kazyýetiň çözgüdini yglan edip, çözgüde şikaýat etmegiň tertibini we möhletlerini, çözgüdiň düzülip, doly görnüşde taýýar boljak möhletini we haçan iş ýöredişe gatnaşyjylaryň onuň nusgasyny alyp biljekdikleri barada düşündirýär.

Çözgüt ýazmaça esaslandyrmasy bilen bilelikde iş ýöredişe gatnaşyjylara onuň yglan edilen gününden başlap ýedi günüň dowamynda gowşurylmalydyr.

Işiň haýal etmän bellenilýän aýratyn ýagdaýlarynda, (gelnen netijäniň) çözgüdiň karara geliş bölegi iki hepdeden geçmeýän möhletiň dowamynda yglan edilmelidir.

Şeýle-de, administratiw işlere ýapyk kazyýet mejlisinde seredilip, onuň netijesi boýunça kazyýet kararynyň karara geliş böleginiň yglan edilýändigi sebäpli, bu ýagdaýda hem çözgüdiň doly görnüşiniň iş ýöredişe gatnaşyjylara onuň yglan edilen gününden başlap ýedi günüň dowamynda gowşurylmalydygy baradaky kadanyň hereket edýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

31. Kazyýetiň çözgüdinde ýalňyşlary we göz-görtele arifmetiki ýalňyşlyklary düzetmek, kazyýetiň goşmaça çözgüdi, kazyýetiň çözgüdini düşündirmek, çözgüdi ýerine ýetirmegiň möhletini yza süýşürmek we möhletlere bölmek, kazyýetiň çözgüdini ýerine ýetirmegiň usulyny we tertibini üýtgetmek baradaky düzgünler Türkmenistanyň AdIÝK-de göz öňünde tutulmandygy sebäpli, Türkmenistanyň RIÝK-nyň 243-246-njy maddalarynda görkezilen düzgünlere laýyklykda amala aşyrylýar.

Eger kazyýetiň çözgüdine nägilelik şikaýaty berlen bolsa we şol bir wagtda goşmaça çözgüdi çykarmak barada arza berilse, kazyýet kazyýet mejlisinde ilki bilen goşmaça çözgüdi çykarmak meselesini çözmeli hem-de çözgüde we goşmaça çözgüde nägilelik şikaýatyny bermegiň möhleti dolanyndan soň nägilelik şikaýatyny iş bilen bilelikde nägilelik basgançakly kazyýete ibermelidir.

Kazyýet tarapyndan goşmaça çözgüdi çykarmak meselesi seredilende, çözgüdiň düýp manysyny üýtgetmäge ýa-da barlanylmadyk meseleler boýunça netijä gelmäge haky ýokdur.

32. Administratiw kazyýet önümçiliginde kanunylygyň bozulan halatlary ýüze çykarylanda, Türkmenistanyň RIÝK-nyň 266-njy maddasynyň talaplarynyň berjaý edilmegi hökmandygyny we kazyýet kanunylygyň ýol berlen bozulmalary hakyndaky habary degişli guramalara ýa-da degişli wezipeli adamlara ibermäge haklydygyny, taraplaryň, iş ýöredişe beýleki gatnaşyjylaryň, wezipeli ýa-da başga adamyň hereketlerinde jenaýatyň alamatlaryny ýüze çykarsa, kazyýet bu hakda prokurora habar bermelidigini kazyýetlere düşündirmeli.

33. Türkmenistanyň AdIÝK-nyň 47-nji maddasynyň üçünji bölegine laýyklykda, nägilelik şikaýaty ygtyýarlylygy bolan kazyýete kazyýet kararlarynyň gowşurylan pursadyndan işiň düýp manysy boýunça çykarylan çözgüde bir aýyň dowamynda berlip bilinýändigi barada çözgüdiň karara geliş böleginde görkezilmelidigine kazylaryň ünsüni çekmeli.

34. Kazyýetiň çözgüdini ýerine ýetirmek Türkmenistanyň AdIÝK-nyň aýratynlyklaryny we onda bellenen kadalary nazara almak bilen, “Ýerine ýetiriş önümçiligi we kazyýet ýerine ýetirijileriniň hukuk ýagdaýy hakynda” Türkmenistanyň Kanuny esasynda amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň AdIÝK-nyň 66-njy maddasyna laýyklykda, ýerine ýetiriş kanuny güýje giren kazyýet kararlary esasynda amala aşyrylýar (muňa kazyýetiň çözgüdiniň haýal etmän ýerine ýetirilmegi bellenen halatlary degişli däldir).

Kazyýetiň çözgüdi, eger-de oňa nägilelik tertibinde şikaýat berilmese, taraplaryň onuň nusgasyny alan gününden bir aý möhletiň geçmegi bilen kanuny güýje girýär. Şunda agzalan Kodeksiň 66-njy maddasynyň 2-nji böleginiň talaplaryny ýerine ýetirmek çözgüdiň mazmunyna laýyklykda, amala aşyrylýar. Türkmenistanyň AdIÝK-niň 67-nji maddasyna laýyklykda, algydaryň haýyşnamasy boýunça çözgüdi ýerine ýetirmek kazyýet tarapyndan amala aşyrylsa, kazyýet bergidara bir aýdan köp bolmadyk möhlet belläp, onuň dowamynda çözgüdiň meýletin ýerine ýetirilmegini teklip etmek bilen, ýerine ýetirmek barada haýyşnamany gowşurmalydyr.

35. Kazyýetiň çözgüdiniň haýal etmän ýerine ýetirilmegi baradaky netijesi, kazyýetiň çözgüdiniň delillendiriş böleginde esaslandyrylýar we bu baradaky netijesi kazyýetiň çözgüdiniň karara geliş böleginde görkezilýär.

Kazyýetiň çözgüdiniň haýal etmän ýerine ýetirilmegine ýol bermek hakyndaky mesele çözgüt çykarylandan soň hem çözülip bilner. Ol işe sereden kazyýet tarapyndan kazyýet mejlisinde çözülýär. Iş ýöredişe gatnaşyjylara kazyýet mejlisiniň wagty we ýeri hakynda habar berilýär, ýöne olaryň gelmezligi kazyýetiň çözgüdini haýal etmän ýerine ýetirmek hakyndaky meseläniň çözülmegine päsgelçilik bolup durmaýar.

36. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň administratiw işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri degişli kazyýetler tarapyndan administratiw işleriniň öz wagtynda we dogry seredilmegini üpjün etmelidirler hem-de bu görnüşli işler boýunça kazyýet iş tejribesini yzygiderli umumylaşdyryp, ýüze çykarylan kemçilikleri aradan aýyrmak maksady bilen degişli çäreleri görmelidirler, şol sanda kazyýetlere zerur bolan amaly kömekleri bermelidirler.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy B.Hojamgulyýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy G.Ýegenmämmedowa

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ
PLENUMYNYŇ
K A R A R Y № 3

2025-nji ýylyň 19-njy iýuly Aşgabat şäheri

Administratiw hak isleglerіň görnüşleri we olaryň ýol bererliligi, işe gatnaşyjylar baradaky kadalary ulanmak boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda

(25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň karary esasynda girizilen üýtgetme bilen)

Türkmenistanyň kazyýetleri tarapyndan administratiw işlerine seredilende hak isleglerіň görnüşleri we işe gatnaşyjylar barada kanunçylykda bellenilen kadalaryň ulanylyşynda birmeňzeş kazyýet iş tejribesini ýola goýmak we ýüze çykýan meseleler boýunça ugrukdyryjy düşündirişleri bermek maksady bilen, «Kazyýet hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Plenum

KARAR EDÝÄR:

1. Administratiw işler boýunça işe gatnaşyjylaryň - hak isleýjiniň, jogap berijiniň we çekilen üçünji taraplaryň, şeýle-de hak isleginiň görnüşiniň, talap bildirýän şahsyň anyk näme meselesiniň bardygynyň, döwlet edaradan, ýagny şahsyň administratiw önümçilik tertibinde ýüz tutan döwlet edarasyndan anyk mesele boýunça döwlet hyzmatynyň belli bir görnüşini almak isleýändiginiň takyk kesgitlenmegi ilki bilen hak isleginiň ýol bererliligini, esaslylygyny aýdyňlaşdyrmakda, soňra bolsa kazyýetiň çözgüdiniň dogry, kanuny we esasly bolmagynda, onuň ýerine ýetirilip, hak isleýjiniň öz maksadyna ýetmeginde ähmiýetlidir.

2. Türkmenistanyň Administratiw iş ýöredіş kodeksiniň (mundan beýläk Türkmenistanyň AdIÝK-nyň) 24-nji maddasynda, eger kanunda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, administratiw iş ýöredişde döwlet we raýat arasyndaky hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan ähli jedellere seredilýändigi kesgitlenýär, şonuň bilen birlikde, Türkmenistanyň AdIÝK-nyň 3-nji maddasynyň 3-nji bendine laýyklykda, döwlet we raýat arasyndaky hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan hukuklaryny, azatlyklaryny ýa-da kanuny bähbitlerini goramak üçin kazyýete ýüz tutan fiziki ýa-da ýuridik şahsyň administratiw iş boýunça hak isleýji bolup duryandygy üçin, administratiw hak islegi bilen fiziki şahslar – raýatlar bilen deň derejede ýuridik şahslar hem kazyýete ýüz tutmaga hukuklydyrlar.

3. Türkmenistanyň AdIÝK-nyň 3-nji maddasynyň 4-nji bendine laýyklykda, garşysyna kazyýete hak islegi bildirilen administratiw edaranyň administratiw iş boýunça jogap beriji bolup duryandygy üçin, administratiw iş ýöredişde fiziki we ýuridik şahslaryň jogap beriji bolup bilmejekdigine, hususan-da, administratiw

edaranyň hak isleýji ýa-da administratiw edara bilen deň derejede üçünji şahs bolan fiziki we ýuridik şahslaryň jogap beriji hökmünde işe gatnaşdyrylyp bilinmejekdigine kazyýetler üns bermelidirler.

4. Administratiw önümçilik boýunça şu aşakdakylar «gyzyklanýan şahs» hasap edilýär:

- administratiw namanyň kabul edilmegi ýa-da degişli hereketleriň edilmegi üçin administratiw edara ýüz tutan şahs;

- özi babatda administratiw nama kabul edilen ýa-da degişli hereket ýa-da hereketsizlik edilen şahs,

- kabul edilmegi göz öňünde tutulan ýa-da kabul edilen administratiw nama hukuklaryna ýa-da kanun tarapyndan goralýan bähbitlerine gönüden-göni täsir eden, ýa-da täsir edip biljek islendik fiziki ýa-da ýuridik şahs;

- administratiw edaranyň hereketi ýa-da öz haýyşnamasy esasynda, ýa-da administratiw edaranyň başlangyjy boýunça onuň gulluk ýagdaýyndan gelip çykýan ýagdaýlarda administratiw önümçilige çekilen şahs.

Şoňa görä-de, diňe şol gyzyklanýan şahslar administratiw iş ýöredişde hem işe gatnaşyjylaryň hatarynda hak isleýji ýa-da gyzyklanma bildirýän üçünji şahs hökmünde gatnaşyp bilerler.

5. Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda, her bir adamyň döwlet edaralarynyň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň we wezipeli adamlaryň çözgütlerine we hereketlerine (hereketsizligine) kazyýete şikaýat etmäge hukugy bardyr. Her bir adamyň döwlet edaralarynyň, gaýry guramalaryň, olaryň işgärleriniň, şeýle hem aýry-aýry adamlaryň bikanun hereketleri bilen özüne maddy ýa-da ahlak taýdan ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunmagyny kazyýet tertibinde talap etmäge hukugy bardyr.

Eger gyzyklanýan şahsyň kazyýete administratiw tertipde ýüz tutmaga mümkinçiligi bar bolsa, ýagny onuň gozgaýan meselesi administratiw iş bolsa, soňraky çözülmeli mesele hak isleýjiniň hak isleginiň haýsy görnüşi bilen kazyýete ýüz tutmalydygyny kesgitlemekdir. Bu mesele ilkinji nobatda kesgitlenmelidir, sebäbi hak islegleriň her bir görnüşi olaryň ýol bererliliginiň dürli deslapky şertlerini göz öňünde tutýar, ol bolsa ýol bererlik meselesi çözülende ähmiýetlidir.

6. Eger kanunda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, administratiw iş ýöredişinde döwlet we raýat arasyndaky hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan ähli jedellere şu aşakdaky hak islegleriň görnüşleriniň haýsy hem bolsa biri arkaly seredilýär:

1) jedelleşmek hakynda hak islegi – oňaýsyz, ýagny hukuklardan mahrum edýän ýa-da hukuklary çäklendirýän, ýa-da borçlary ýükleýän administratiw namanyň doly ýa-da bölekleýin ýatyrylmagyny talap etmek;

2) borçnamanyň ýerine ýetirilmegi hakynda hak islegi – özi üçin çykarylmagyndan ýüz dönderilen oňaýly, ýagny hukuk berýän ýa-da şahslaryň hukuk ýagdaýyny gowulandyrýan şertleri döredýän administratiw namanyň çykarylmagy hakynda ýa-da ony çykarmak barada arza berlenden soň ýeterlik esas bolmazdan «Administratiw önümçilik hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 20-nji maddasynda bellenilen möhletlerde (eger Türkmenistanyň kanunçylygynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, bir aýa çenli, aýratyn ýagdaýlarda kyrk bäş güne

çenli) karar kabul edilmedik ýagdaýynda borçnamany ýerine ýetirmek hakynda, şeýle-de administratiw namanyň çykarylmagy bilen bagly bolmadyk hereketleriň amala aşyrylmagy hakynda talap bildirmek;

3) kada gözegçilik hakynda hak islegi - ýerine ýetiriji häkimiýetiň edarasy tarapyndan çykarylan gös-göni hukuklary we borçlary belleýän kadalaşdyryjy hukuk namasynyň hakyky däldigini anyklamagy talap etmek;

4) administratiw edaranyň hereketiniň (hereketsizliginiň) bikanunlygyny anyklamak ýa-da bikanun diýip bilmek hakynda hak islegi – haýsydyr bir hukuk gatnaşyklaryň bar ýa-da ýok ýa-da administratiw namanyň hakyky däl diýip bilinmegini talap etmek.

7. Administratiw iş ýöredişde hak islegleriň ýol bererliligi diýlip, bildirilen hak islegine kazyýet tarapyndan düýp manysy boýunça seretmeklige girişilmegine maddy we iş ýörediş kanunçylygy tarapyndan deslapky şertleriň doly berjaý edilip, hiç hili päsgelçiligiň bolmazlygyna düşünilmelidir. Ýagny, hak isleginiň ýol bererliligi iş ýöredişde (mysal üçin hak isleýiş arzasynyň mazmunyna bildirilýän talaplar, kazyýete çenli düzgünleşdirmek) we maddy hukuk kadalaryň deslapdan berjaý edilmegi, belli bir hukuk gatnaşyklaryň ýüze çykanlygy ýa-da çykmanlygy, şeýle-de Türkmenistanyň kanunçylygynda fiziki we ýuridik şahslaryň hukuklarynyň ýa-da borçlarynyň anyk bir ýagdaýlarda (şol sanda wakalarda we hadysalarda) ýüze çykmagynyň göz öňünde tutulmagy bilen baglanyşyklydyr.

Administratiw kazyýet önümçiligi tertibinde hak isleginiň ýol bererliligi baradaky meseläni aýdyňlaşdyrmak bilen, kazyýetler “Administratiw önümçilik hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň talaplarynyň berjaý edilişini nazara almalydyrlar.

8. Hak isleginiň ýol bererliligini barlamak tapgyrynda kazyýet hak isleýji tarapyndan Türkmenistanyň AdIÝK-nyň işleriň kazyýetlere degişliligi, jedeliň kazyýete degişliligi baradaky kadalaryň, hak isleginiň görnüşine baglylykda onuň görnüşine we mazmunyna bildirilýän talaplaryň berjaý edilendigini, administratiw tertipde şikaýat etmek baradaky talaplaryň ýerine ýetirilendigini we hak isleginiň esaslylygynyň barlagyna çenli çözülmäge degişli beýleki meseleleri barlaýar.

9. Eger hak isleýji özüniň hukuklarynyň oňaýsyz administratiw nama bilen bozulandygyny mälim edýän bolsa, jedelleşmek hakynda hak islegine ýol berilýär.

10. Eger hak isleýji özüniň hukuklarynyň administratiw namanyň kabul edilmezligi ýa-da kabul edilen administratiw namanyň berilmezligi ýa-da administratiw edara tarapyndan gaýry hereketleriň amala aşyrylmazlygy bilen bozulandygyny mälim edýän bolsa, borçnamany ýerine ýetirmek hakynda hak islegine ýol berilýär.

Eger administratiw edara tarapyndan çykaryljak oňaýsyz administratiw nama ýa-da amala aşyryljak oňaýsyz hereket bilen hukuklarynyň ýa-da kanuny bähbitleriniň bozulmak mümkinçiliginiň bardygyny mälim edýän bolsa, gyzyklanýan şahsyň, administratiw edaradan belli bir hereketleri amala aşyrmakdan ýa-da administratiw nama çykarmakdan saklanmagy talap etmek baradaky islegi boýunça borçnamany ýerine ýetirmek hakynda hak islegine ýol berilýär.

11. Gatnaşyklaryň anyk çygryny düzgünleşdirýän kadalaşdyryjy hukuk namalarda administratiw edaralaryň göz öňünde tutulan ygtyýarlyklarynyň

(diskresion ygtyýarlyklary hem bolup biler) ulanylyşy we borçlarynyň berjaý edilişi, şeýle hem olarda göz öňünde tutulan fiziki we ýuridik şahslaryň hukuklarynyň durmuşa geçirilmegi bilen baglylykda, her bir ýagdaýda gyzyklanýan şahs ýüze çykan meseläniň mazmunyna görä, hak isleginiň belli görnüşi boýunça kazyýete ýüz tutup bilýär.

12. «Işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrmak hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, ygtyýarlylandyryjy edaralaryň ygtyýarnamany bermek hakyndaky arza we oňa goşulan resminamalara seredip, ygtyýarnamany berýändikleri ýa-da ony bermekden ýüz öwürýändikleri; ygtyýarnama goşmaça girizýändikleri ýa-da ondan ýüz öwürýändikleri; ygtyýarnamany gaýtadan resmileşdirýändikleri ýa-da ondan ýüz öwürýändikleri; ygtyýarnamanyň hereketini uzaldýandyklary, togtadýandyklary, dikeldýändikleri hem-de ygtyýarnamalynyň arzasy esasynda möhletinden öň bes edýändikleri ýa-da ygtyýarnamanyň hereketini uzaltmakdan, dikeltmekden ýüz öwürýändikleri ýaly ygtyýarlyklary göz öňünde tutulýar.

Şol Kanunyň 14-nji maddasynyň dokuzynjy bölegine laýyklykda, ygtyýarnamanyň dalaşgäriniň (ygtyýarnama almak üçin ýüz tutan şahsyň) ygtyýarlylandyryjy edaranyň (m.ü. amala aşyryljak işiň görnüşine baglylykda, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet, Saglygy goraýyş we derman senagaty, Gurluşyk we binagärlik ministrligi we beýl.) ygtyýarnamany bermekden ýüz öwürmegine ýa-da onuň hereketsizligine ygtyýarnama gözegçiligi edarasyna (Türkmenistanyň Maliýe we ykdsadyýet ministrligi) ýa-da kazyýete şikaýat etmäge, şunda ygtyýarnamanyň dalaşgäriniň garaşsyz seljermäniň geçirilmegini talap etmäge hukugynyň bardygy göz öňünde tutulýar.

Agzalan Kanunyň 8-nji maddasynyň ikinji bölegine laýyklykda ygtyýarnama gözegçiligi edarasy - Türkmenistanyň Maliýe we ykdsadyýet ministrligi degişli ygtyýarlylandyryjy edaralardan zerur resminamalary we maglumatlary soramaga we almaga; ygtyýarlylandyryjy edaralaryň işiniň meýilnamalaýyn ýa-da meýilnamadan daşary barlaglaryny, şol sanda şikaýatlaryň, arzalaryň we beýleki resmi ýüz tutmalaryň esasynda geçirmäge, ýüze çykarylan düzgün bozulmalary görkezmek bilen barlaglaryň netijeleri boýunça ykrarnamalary düzmäge; ygtyýarlylandyryjy edaralar tarapyndan barlaglaryň barşynda ýüze çykarylan düzgün bozulmalary düzetmek boýunça olary düzetmegiň möhletlerini görkezmek bilen, çözgütleri kabul etmäge; şol Kanunyň we ygtyýarlylandyrmak hakyndaky Düzgünnamanyň talaplaryny bozmak bilen kabul edilen çözgütleriň ýatyrylmagyny talap etmäge haklydyr. Ygtyýarnama gözegçiligi edarasynyň çözgütleri onuň bellän möhletlerinde ygtyýarlylandyryjy edaralar tarapyndan hökmany ýerine ýetirilmäge degişlidir.

«Administratiw önümçilik hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 43-nji maddasyna laýyklykda, administratiw nama administratiw şikaýat bermek arkaly administratiw ýa-da kazyýet tertibinde şikaýat edilip bilner. Eger şikaýat etmegiň gaýry tertibi Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulmadyk bolsa, kazyýet tertibinde administratiw nama şikaýat etmek, şikaýat administratiw tertipde seredilenden soň amala aşyrylýar. Ýagny, işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrmak meseleleri babatda Türkmenistanyň kanunçylygy degişli

şahslaryň şikaýat etmegiň gaýry tertibi hökmünde ygtyýarlandyryjy edaralaryň (ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralaryň) ýokarda durýan edarasy bolup durmaýan ygtyýarnama gözegçilik edarasyna şikaýat etmäge hukugyny göz öňünde tutýar (agzalan Kanunyň 14-nji maddasynyň dokuzynjy bölegi).

Beýan edilenler bilen baglylykda, ygtyýarlandyryjy edaralaryň ýokarda görkezilen ygtyýarlyklaryny amala aşyrmaklary, hususan-da, ygtyýarnama bermekden, oňa goşmaça girizmekden, gaýtadan resmileşdirmekden, ygtyýarnamanyň möhletini dikeltmekden ýa-da uzaltmakdan ýüz öwürmek, şeýle-de, ygtyýarnamany bes etmek, togtatmak we ýatyrmak bilen bagly administratiw namalary babatda özleriniň hukuklary bozulan diýip hasap edýän fiziki we ýuridik şahslar, ilki bilen Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan şikaýat etmegiň gaýry tertibi hökmünde ygtyýarnama gözegçilik edarasyna şikaýat etmelidirler, soňra kazyýete jedelleşmek hakynda hak islegi ýol bererlidir.

Eger ygtyýarlandyryjy edaralar administratiw nama çykarmazdan, degişli resminamalary kabul etmekden hiç bir esassyz we resmi jogap bermezden ýüz dönderen ýagdaýynda, borçnamany ýerine ýetirmek hakynda hak isleginiň ýol bererli bolup biljekdigine, şunda hak isleginiň närsesiniň diňe ygtyýarlandyryjy edarany degişli resminamalary kabul etmeklige ýa-da administratiw nama kabul etmeklige borçlandyrmak barada bolup bilýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

13. "Ýer hakynda" Türkmenistanyň Bitewi Kanunynyň 11-nji maddasyna laýyklykda, ýer serişdelerini dolandyrmak baradaky döwlet edarasy fiziki we ýuridik şahslara ýer bölegini bermek (kanunda göz öňünde tutulan görnüşleri boýunça) barada resminamalary resmileşdirmek ygtyýarlygyna eýedir. Şu ýagdaýda gyzyklanýan şahsa oba ýerlerinde şahsy kömekçi hojalygy alyp barmak üçin mellek ýer ýa-da şäherlerde we şäherçelerde özbaşdak ýaşaýyş jaý gurluşygy üçin ýer bölegi karar çykarylyp berlendigine garamazdan, ýer serişdelerini dolandyrmak baradaky döwlet edarasy bellenen tertipde döwlet namasyny hiç bir sebäpsiz bermedik ýagdaýynda ýa-da bermejekdigini mälim eden ýagdaýynda, borçnamany ýerine ýetirmek hakynda hak islegi, eger-de agzalan döwlet edarasy belli bir esaslar boýunça administratiw nama çykaryp, döwlet nama bermekden ýüz dönderen bolsa, onda ýokarda durýan edara şikaýat etmek tertibi berjaý edilenden soň, jedelleşmek hakynda hak islegi ýol bererlidir.

14. "Ýer hakynda" Türkmenistanyň Bitewi Kanunynyň 13-nji maddasyna laýyklykda, etraplaryň (şäherleriň) häkimlikleri öz tabynlygyndaky çäklerde raýatlaryň maşgalalarynyň eýeçiligine şahsy kömekçi hojalygyny alyp barmak maksatly mellek ýeri üçin ýer böleklerini bermek barada, şeýle-de, döwlet ýaşaýyş jaý gaznasyna degişli ýaşaýyş jaýlaryny hususylaşdyrmak we ýaşaýyş jaýlarynyň ýerleşýän ýerini hem-de ýeriň oňa degişli bölegini peýdalanmaga bermek barada kararlary kabul etmek ygtyýarlygyna eýedirler. Beýan edilen ygtyýarlyklar häkimiň diskresion - administratiw edaranyň öz garaýşy boýunça peýdalanyp bilýän ygtyýarlygy bolup durýandygy üçin, eger-de raýat şahsy kömekçi hojalygyny alyp barmak maksatly mellek ýeriniň berilmegi barada häkimlige ýüz tutup, ondan kanagatlanarly jogap almadyk ýa-da oňa jogap berilmedik bolsa, ilkibaşda degişli welaýat häkimligine şikaýat etmek tertibi berjaý edilmelidir, soňra jedelleşmek hakynda hak islegi ýol bererlidir.

15. “Ýer hakynda” Türkmenistanyň Bitewi Kanunynyň 30-njy maddasynyň dördünji bölegine we 40-njy maddasynyň üçünji bölegine laýyklykda, ýere eýeçilik ýa-da ýerden peýdalanmak hukugynyň bes edilmegi hakynda kabul edilen kararlara kazyýete şikaýat edilip bilinýär. Şunda, gyzyklanýan şahslaryň görkezilen administratiw namalary jedelleşmek hakynda hak isleglerіniň ýol bererlidigine, şonuň bilen birlikde, ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunmagy baradaky meseläniň hem goýlup bilinjekdigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

16. «Administratiw önümçilik hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 37-nji maddasyna laýyklykda, administratiw edara tarapyndan administratiw önümçiligi baradaky maddy we iş ýörediş kadalaryň bozulmagy ýa-da nädogry ulanylmagy netijesinde kabul edilen administratiw nama bikanun bolup durýar we «bikanun oňaýsyz administratiw nama» islendik halatda ýatyrylmaga degişlidir.

Agzalan kada laýyklykda, «bikanun oňaýly administratiw namanyň» diňe kesgitli çäklendirmeler bilen doly ýa-da bölekleýin ýatyrylyp bilinjekdigini, hususan-da, eger, gyzyklanýan şahs eýýäm bu nama bilen berlen peýdadan (hukukdan) peýdalanan bolsa ýa-da emläge ygtyýarlyk eden bolsa we bu hereketleri dolulygyna ýa-da gyzyklanýan şahsa kabul edip bolmaýan zyýan ýetirmezden ýatyryp bolmajak bolsa, pul borçnamasyny, bölünýän zat hukugyny belleýän ýa-da bu borçnamalar üçin esas bolup durýan «bikanun oňaýly administratiw namanyň» ýatyrylyp bilinmejekdigini kazyýetler göz öňünde tutmalydyr.

17. Şeýle-de, «Administratiw önümçilik hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 37-nji maddasynyň ikinji we dördünji böleklerine laýyklykda, eger-de, gyzyklanýan şahs administratiw edara tarapyndan «bikanun oňaýly administratiw namanyň» kabul edilmegini:

- bulaşyklyga salmak, haýbat atmak ýa-da berim bermek ýoly bilen gazanan bolsa ýa-da;
- ýoýlan ýa-da doly däl maglumatlary bermek ýoly bilen gazanan bolsa ýa-da;
- gyzyklanýan şahs administratiw namanyň bikanunlygyny bilen bolsa ýa-da gödek seresapsyzlygy sebäpli bilmedik bolsa, şol «bikanun oňaýly administratiw nama» ony kabul eden administratiw edara, ýokarda durýan edara ýa-da kazyýet tarapyndan ýatyrylyp bilinýär.

Ýöne şunda «bulaşyklyga salmak, haýbat atmak ýa-da berim bermek; ýoýlan ýa-da doly däl maglumatlary bermek ýoly bilen administratiw namanyň kabul edilmegini gazanmak» ýaly iş üçin ähmiýetli ýagdaýlaryň kazyýetiň karary ýa-da degişli deslapky derňew edarasynyň Türkmenistanyň hereket edýän iş ýörediş kanunçylygyna laýyklykda kabul eden karary bilen tassygyny tapan bolmalydygyny, hususan-da, kanunçylygyň bozulmalarynyň ýüze çykarylandygy barada ygtyýarly wezipeli adamyň habar hatlarynyň ýa-da täsir ediş namalarynyň ýeterlik däldigini, şeýle resminamalaryň beýleki subutnamalar bilen bir hatarda baha berilmäge degişlidigini, mundan başga-da, «administratiw namanyň bikanunlygyny bilen bolsa ýa-da gödek seresapsyzlygy sebäpli bilmedik bolsa» diýen esas boýunça bolsa, gyzyklanýan şahsyň şeýle ýagdaýda hereket edendigini subut etmek güzabynyň degişli administratiw edara ýa-da gyzyklanma bildirýän degişli gözegçilik edarasyna düşýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

Mysal üçin, “Ýer hakynda” Türkmenistanyň Bitewi Kanunyna laýyklykda, fiziki we ýuridik şahslara ýer böleklerini peýdalanmaga bermek, hususan-da, gurluşyk üçin, oba hojalyk ýa-da oba hojalyk däl maksatlar üçin kärendä bermek ýa-da raýatlaryň maşgalalaryna özbaşdak ýaşaýyş jaýyny gurmak ýa-da şahsy kömekçi hojalygy alyp barmak – mellek ýeri üçin ýer bölekleri bermek ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan amala aşyrylandan soňra, şol ýerleriň hususy eýeçilige ýa-da peýdalanmaga berilmeginde fiziki we ýuridik şahsa bagly bolmadyk, administratiw edara tarapyndan kanunçylygyň (m.ü. ekologiýa howpsuzlygy babatda) bozulmasy ýüze çykarylan ýagdaýynda – ýer bölegi bilen bagly kabul edilen nama “bikanun oňaýly administratiw nama” bolup durýan bolsa, ygtyýarly edara ýa-da onuň ýokarda durýan edarasy tarapyndan ozal kabul edilen administratiw namalaryň gös-göni ýatyrylyp bilinmejekdigine, ýatyrylan ýagdaýynda bolsa, gyzyklanýan şahs üçin jedelleşmek hakynda hak isleginiň ýol bererlidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli. Mysal hökmünde getirilen ýagdaýda, gyzyklanýan şahs tarapyndan ýokarda görkezilen «bikanun oňaýly administratiw namanyň» kabul edilmeginde şu bölegiň birinji tesiminde düşündirilen ýagdaýlar bar diýlip hasap edilýän bolsa, şeýle ýagdaýlaryň kazyýetiň karary ýa-da işi ýatyrmak ýa-da administratiw hukuk bozulma üçin jogapkärçilige çekmek barada ygtyýarly wezipeli adamlaryň karary bilen tassygyny tapan bolmalydygy iş üçin ähmiýetli ýagdaý bolup durýar. Her bir iş boýunça bolsa, iş üçin ähmiýetli ýagdaýlar doly, dogry kesgitlenip, subutnamalar bilen berkidilip, subut edilmelidir.

18. «Migrasiýa hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, Türkmenistanyň her bir raýatynyň Türkmenistandan gitmäge we Türkmenistana gelmäge hukugy bardyr, raýatyň Türkmenistandan gitmek we Türkmenistana gelmek üçin pasportyny Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň resmileşdirýär, raýatlar pasport almak üçin şol edara ýüz tutmalydyrlar, şeýle-de, raýatyň Türkmenistandan gitmek we Türkmenistana gelmek hukugyndan mahrum edilip bilinmez, diňe şol Kanunyň 30-njy maddasyna laýyklykda wagtlaýyn çäklendirilip bilner.

Pasporty bermekden we resmileşdirmekden ýüz dönderilen, ol wagtlaýyn saklanylan ýa-da alnan ýagdaýynda degişli raýatyň bu hereketler barada borçnamany ýerine ýetirmek hakynda hak islegi bilen kazyýet ýüz tutmak hukugy ýol bererlidir.

Mundan başga-da, Türkmenistanyň raýatynyň Türkmenistandan gitmegi: onuň döwlet syryny düzýän maglumatlar barada habarly bolmagy (Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen möhlet tamamlanýança); harby gulluga çagyrylmaga degişli bolmagy (harby gullugy geçýänçä ýa-da ondan boşadylýança, Türkmenistanyň çäklerinden daşyna hemişelik ýaşamaga gidýän halatlary muňa degişli däldir); daşary ýurt döwletlerinde bolan döwründe adam söwdasynyň pidasy bolmagy ýa-da gulçulyga duçar bolmagy mümkin diýen howatyrlanma bolmagy; ozal daşary ýurt döwletlerinde bolan wagtynda bolan ýurdunyň kanunçylygyny bozan bolmagy; onuň gitmegi janyna we saglygyna howp salýan bolmagy; onuň gitmegi Türkmenistanyň milli howpsuzlygynyň bähbitlerine ters gelýän bolmagy ýaly esaslar boýunça çäklendirilen bolsa, Türkmenistanyň AdIÝK-nyň 26-njy

maddasynda göz öňünde tutulan tertipde gyzyklanýan şahsyň borçnamany ýerine ýetirmek hakynda hak isleginiň ýol bererlidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Türkmenistanyň AdIÝK-nyň 12-nji maddasynyň dördünji bölegine laýyklykda, döwlet edaralarynyň ygtyýarynda bar bolan işiň degişli materiallary, eger diňe ýokarda durýan döwlet edarasy gaýragoýulmasyz jemagat ýa-da hususy bähbitleriň (m.ü. döwlet syrlary, önümçilik we täjirçilik syrlary we ş.m) esasynda mundan ýüz döndermese, kazyýete berilmäge degişlidir, ýüz dönderilen ýagdaýynda bolsa, esaslandyrylmalydyr (ýazmaça jogap bolmalydyr), şeýle ýagdaýda kazyýet, bildirilen hak islegine toplanan subutnamalaryň çäginde baha berip, iş boýunça netijä gelmelidir.

Şeýle-de, raýatyň garşysyna jenaýat işi gozgalan bolsa, iş boýunça önümçilik tamamlanýança; jenaýat edendigi üçin iş kesilen bolsa, jezasyny çekýänçä ýa-da jezadan boşadylýança; kazyýet tarapyndan üstüne ýüklenilen borçlary ýerine ýetirmekden boýun gaçyrýan bolsa, borçnamalar ýerine ýetirilýänçä; kazyýetiň hökümi esasynda aýratyn agyr jenaýat üçin iş kesilen ýa-da aýratyn howply residiwde bilkastlaýyn jenaýaty amala aşyran diýlip hasap edilen ýa-da polisiýanyň administratiw gözegçiliginde durýan bolsa, iş kesilenlik aýyby aýrylýança ýa-da gözegçilik bes edilýänçä; kazyýetde raýat hak islegi bildirilen bolsa, iş boýunça önümçilik tamamlanýança esaslary boýunça Türkmenistandan gitmegi wagtlaýyn çäklendirilip, bu barada Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň jogaby bar bolsa, bu esaslar boýunça migrasiýa hakynda kanunçylyga laýyklykda, borçnamany ýerine ýetirmek hakynda hak isleginiň ýol bererli däldigi, ýagny administratiw işe düýp manysy boýunça seredilip bilinmejekdigi baradaky kanunçylygyň talaby berjaý edilmelidir.

19. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2020-nji ýylyň 2-nji sentýabryndaky 1875 belgili Karary bilen tassyklanan Türkmenistanyň raýatlaryny ýaşaýan ýeri boýunça ýazga almagyň Tertibine (mundan beýläk Tertip) laýyklykda, welaýatlaryň, Aşgabat we Arkadag şäherleriniň, welaýatlaryň etraplarynyň we etrap hukukly şäherleriniň häkimleri öz kararlary esasynda degişli häkimlikleriň ýanynda Türkmenistanyň raýatlaryny ýazga almak meseleleri boýunça jemgyýetçilik toparlaryny (mundan beýläk - Jemgyýetçilik topary) döredýärler, degişli häkimiň orunbasary Jemgyýetçilik toparyna başlyklyk edýär, degişli häkimligiň gurluş birliginiň ýolbaşçysy Jemgyýetçilik toparynyň kätibi bolup durýar. Hususan-da, jemgyýetçilik toparlarynyň raýatlary ýazga almak, ýazgydan çykarmak we olaryň ýazgysyny ýatyrmak meseleleri boýunça döwlet edarasynyň ygtyýarlyklary bellenen tertipde bölünip berlen (delegirlenen) gurluş bolup durýandyklary üçin, administratiw kazyýet önümçiliginde Jemgyýetçilik toparynyň jogap beriji administratiw edara bolup durýandygyny, şunda ygtyýarly kazyýet kesgitlenende welaýatlaryň etraplarynyň we etrap hukukly şäherleriniň jemgyýetçilik toparlary babatda olaryň ýerleşýän ýeri boýunça etrap kazyýetleriniň ygtyýarlydygyny, Aşgabat we Arkadag şäherleriniň häkimlikleriniň Jemgyýetçilik toparlary babatda bolsa, olara şäher häkimlikleriň häkimiýet ygtyýarlyklary bölünip berlendigi (delegirlenendigi) sebäpli, şol häkimlikleriň ýerleşýän ýeri boýunça dolandyryş-çäk gurluşyndan ugur alynmalydygyny kazyýetlere düşündirmeli.

20. Tertibe laýyklykda, welaýatlaryň etraplarynyň we etrap hukukly şäherleriniň häkimlikleriniň ýanyndaky Jemgyýetçilik topary raýatlaryň ýaşaýan ýeri boýunça ýazga alynmagy baradaky arzalaryna seredýär we olary ýazga almak ýa-da ýazga almakdan ýüz döndermek barada çözgüt çykarýar. Aşgabat we Arkadag şäherlerinde diňe Aşgabat we Arkadag şäherleriniň häkimlikleriniň ýanyndaky Jemgyýetçilik toparynyň hereket edýär hem-de raýatlaryň ýaşaýan ýeri boýunça ýazga alynmagy baradaky arzalara seredýär we olary ýazga almak ýa-da ýazga almakdan ýüz döndermek barada çözgüt çykarýar. Şoňa görä-de, şol çözgütler oňaýly administratiw nama hasap edilmelidir hem-de ony çykarmakdan ýüz dönderilen ýagdaýynda gyzyklanýan şahslaryň borçnamanyň ýerine ýetirilmegi hakynda hak islegi – özi üçin çykarylmagyndan ýüz dönderilen oňaýly administratiw namanyň çykarylmagy hakynda hak islegi ýol bererlidir.

21. Mundan başga-da, Tertibiň altynjy böleginiň ikinji tesiminde göz öňünde tutulan ýagdaýlarda (Aşgabat we Arkadag şäherlerinde ýazgyda duran aýalynyň (äriniň) ýaşaýan ýeri boýunça welaýatda ýazgyda duran aýalyny (ärini); Türkmenistanyň raýaty bolan aýalyny (ärini); Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan wezipä bellenen welaýatda ýazgyda duran adamy we onuň maşgala agzalaryny; Aşgabat we Arkadag şäherleriniň çäginden öň ýazgydan çykan adamy, onuň nikasy bozulan ýa-da aýaly (äri) aradan çykan bolsa, şeýle hem onuň çagalaryny, perzentlige alan çagalaryny (eger ýaşaýyş jaýyny kireýine alyjynyň we kämillik ýaşyna ýeten maşgala agzalarynyň ýa-da hususy ýaşaýyş jaýynyň eýesiniň razylygy bolan ýagdaýynda, öňki ýaşan salgysyna ýa-da başga salga); döwlet edaralarynyň we jemgyýetçilik birleşikleriniň ýollamasy boýunça bellenen wezipe borçlaryny ýerine ýetirmek bilen bagly Aşgabat we Arkadag şäherleriniň çäginden ýazgydan çykyp giden raýatlary; Aşgabat we Arkadag şäherlerinde ýazgyda duran kämillik ýaşyna ýeten adamyň (öweý ogullaryň, öweý gyzlaryň, perzentlige alnanlaryň), ýazgyda duran ata-enesiniň (öweý kakasynyň, öweý ejesiniň, perzentlige alanlaryň) ýaşaýan ýeri boýunça welaýatda ýazgyda duran ata-enesini (öweý kakasyny, öweý ejesini, perzentlige alanlary) ýazgyda duran çagalaryny (öweý ogullaryny, öweý gyzlaryny, perzentlige alnanlary) we beýleki esaslar) raýatlaryň ýaşaýan ýeri boýunça ýazga alynmagy baradaky arzalaryna Jemgyýetçilik topary tarapyndan arza berlen gününden başlap, ýedi iş gününiň dowamynda seredilmelidir, aýratyn ýagdaýlarda barlag geçirmek zerurlygy ýüze çykanda, bu möhlet on iki iş gününe çenli uzaldylyp bilinýär.

Görkezilen möhletlerde Aşgabat we Arkadag şäherlerinde ýazga almak barada çözgüt kabul etmek meselesiniň çözülmelidigine, eger-de görkezilen ýagdaýlaryň bardygyna garamazdan, Jemgyýetçilik topary tarapyndan oňaýsyz administratiw nama çykarylan, ýagny, oňaýly administratiw namanyň çykarylmagyndan ýüz dönderilen bolsa ýa-da ony çykarmak barada arza berlenden soň ýeterlik esas bolmazdan görkezilen möhletlerde (möhletler babatda ýörite kada hereket edýär, ýagny «Administratiw önümçilik hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 20-nji maddasynda bellenilen bir aýa çenli, aýratyn ýagdaýlarda kyrk bäş güne çenli möhlet ulanylmaýar) karar kabul edilmedik ýagdaýynda borçnamany

ýerine ýetirmek hakynda hak isleginiň ýol bererlidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

22. Şeýle-de, Tertibiň kadalaryna görä, Türkmenistanyň dolandyryş-çäk gurluşynyň, onuň birlikleriniň atlarynyň, köçeleriň atlarynyň, jaý belgileriniň üýtgemegi bilen bagly ýazgyda duran ýeriniň adynyň ýa-da belgisiniň üýtgemegi; raýatyň familiýasynyň, adynyň, atasynyň adynyň üýtgemegi; Türkmenistanyň raýatynyň pasportyndaky ýazgylarda nätakyklyklaryň ýüze çykmagy; ilkinji gezek Türkmenistanyň raýatynyň pasportyny alýan raýatlar ata-enesiniň (perzentlige alanlaryň) ýa-da olaryň biriniň ýaşaýan ýeri boýunça; Türkmenistanyň raýatynyň pasportynyň ýitirilmegi, ogurlanmagy, zaýalanmagy ýa-da başga ýagdaýlar sebäpli ulanylyp bilinmezligi bilen bagly Türkmenistanyň raýatynyň pasportynyň täzeden berilmegi (çalşyrylmagy); ýaşaýyş jaýyndan peýdalanmak hukugyny ykrar etmek baradaky kazyýetiň çözgüdiniň kanuny güýje girmegi esaslary boýunça raýatlaryň ýaşaýan ýeri boýunça ýazga alynmagy ýa-da olaryň degişli resminamalarynda ýazgysyna üýtgetmeleriň girizilmegi Jemgyýetçilik toparynyň garamagyna hödürlemezden, Türkmenistanyň içeri işler edaralarynyň Ilaty pasportlaşdyrmak we hasaba almak birlikleri tarapyndan amala aşyrylýar.

Şu ýagdaýlarda Türkmenistanyň içeri işler edaralarynyň Ilaty pasportlaşdyrmak we hasaba almak birlikleri tarapyndan raýatlaryň ýaşaýan ýeri boýunça ýazga alynmagy ýa-da olaryň degişli resminamalarynda ýazgysyna üýtgetmeleriň girizilmegi barada ýörite administratiw namanyň çykarylmaýandygyny, eger-de şeýle hereketler raýatyň ýüz tutan gününde, aýratyn ýagdaýlarda iki iş gününe çenli möhletde amala aşyrylmadyk ýagdaýynda, administratiw namany çykarmak bilen bagly bolmadyk hereketiň amala aşyrylmagyny göz öňünde tutýan borçnamany ýerine ýetirmek hakynda hak isleginiň ýol bererlidigini kazyýetlere düşündirmeli.

23. Ondan başga-da, Tertibe laýyklykda, raýatlaryň ýaşaýan ýeri boýunça ýazga almak baradaky arzalaryny kabul etmek; raýatlary ýaşaýan ýeri boýunça ýazga almak üçin resminamalary we Jemgyýetçilik toparynyň mejlisi üçin maglumatlary taýýarlamak we iş dolanyşygyny alyp barmak; Jemgyýetçilik toparynyň mejlisiniň teswirnamasyny düzmek; raýatlara ýaşaýan ýeri boýunça ýazga almak ýa-da ýazga almakdan ýüz döndermek baradaky Jemgyýetçilik toparynyň çözgüdini gowşurmak wezipeleri Jemgyýetçilik toparynyň kätibine ýüklenýär. Ýagny Jemgyýetçilik toparynyň kätibi administratiw edaranyň administratiw namalary kabul etmek bilen bagly bolmadyk hereketini amala aşyrmaga hukuk berlen ygtyýarly wezipeli adam bolup durýar.

Şonuň bilen baglylykda, görkezilen wezipeleriň talabalaýyk ýerine ýetirilmezligi, hususan-da, degişli arzalaryň kabul edilmezligi, olaryň Jemgyýetçilik toparynyň seretmegine hödürlenmezligi, şeýle-de kabul edilen çözgütleriň öz wagtynda gowşurylmazlygy ýaly ýagdaýlarda jogap beriji hökmünde Jemgyýetçilik toparynyň kätibine borçnamany ýerine ýetirmek hakynda hak islegleri ýol bererlidir.

24. Hak isleýji, eger ol jedelleşmek hakyndaky hak islegi ýa-da borçnamany ýerine ýetirmek hakyndaky hak islegi arkaly öz hukuklarynyň goralmagyny

gazanyp bilmese, administratiw edaranyň hereketiniň (hereketsizliginiň) bikanunlygyny anyklamak ýa-da bikanun diýip bilmek hakyndaky hak islegi arkaly haýsydyr-bir hukuk gatnaşyklaryň bar ýa-da ýok ýa-da administratiw namanyň hakyky däl diýip bilinmegini talap edip bilýär.

Eger administratiw nama bilen düzgünleşdirilýän närse kazyýet tarapyndan çözgüt kabul edilýänçä aradan aýrylan bolsa, onda kazyýet hak isleýjiniň towakganamasy boýunça, eger şu anyklamakda hak isleýjiniň esasly gyzyklanmasy bar bolsa, administratiw namanyň kanunalaýyk däldigi we hak isleýjiniň hukuklarynyň kemsidilendigi barada çözgüt kabul edýär.

Ýokarda görkezilen şertler bolan halatynda administratiw edaranyň hereketiniň (hereketsizliginiň) bikanunlygyny anyklamak ýa-da bikanun diýip bilmek hakynda hak islegine ýol berilýär.

Bu ýagdaýda, hak isleýji diňe bir administratiw gatnaşyklarynyň bardygyny ýa-da ýokdugyny tassyklaýan subutnamalar getirmek bilen çäklenmän, özüniň esaslanan gyzyklanmasynyň bardygyny subut etmelidir. Namanyň gaýtadan çykarylmak mümkinçiligi bar bolan ýa-da administratiw namanyň bikanunlygy ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunmagyny talap etmek hukugy üçin möhüm şert bolup duran halatlary esasly gyzyklanma bolup durýar. Jogap berijiniň towakganamasy boýunça kazyýet jedelleşilýän administratiw namanyň kanunylygy hakyndaky meseläni çözýär. Mysal üçin, administratiw nama bilen ýetirilen zyýanyň arasyndaky arabaglanyşygyň bolmagyny kesgitlemek ýa-da bozulan hukuklaryny we kanuny bähbitlerini dikeltmek, ahlak taýdan ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak. Şol sanda, zerur halatlarda hukuk güýjüni ýitiren administratiw namany bikanun diýip bilmek arkaly öz hukuklaryny dikeltmek hem bu hak islegi arkaly amala aşyrylyp bilner.

Administratiw edaranyň hereketiniň (hereketsizliginiň) bikanunlygyny anyklamak hakynda hak islegi administratiw namanyň ýerine ýetirilmegini ýatyrmaýandygyna we hak isleýjini hukuk gatnaşyklaryndaky başlangyç ýagdaýa getirmeýändigine, diňe hak islegde bildirilen gyzyklanma boýunça hukuk gatnaşyklaryň döremegine başlangyç bolup durýandygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

25. Eger hak isleýji gös-göni öz hukuklaryny we borçlaryny belleýän kadalaşdyryjy hukuk namasy bilen, hukuklarynyň kemsidilýändigi ýa-da kemsidilmeginiň mümkinligi barada mälim edýän bolsa we şunda hak isleýji tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen kazyýete çenli düzgünleşdirmegiň tertibi berjaý edilen ýagdaýynda, kada gözegçilik hakynda hak islegine ýol berilýär.

26. Türkmenistanyň AdIÝK-nyň 27-nji maddasyna laýyklykda, kada gözegçiligi hakynda hak islegi arkaly hak isleýji ýerine ýetiriji häkimiýetiň edarasy tarapyndan çykarylan gös-göni hukuklary we borçlary belleýän kadalaşdyryjy hukuk namasynyň hakyky däldigini anyklamagy talap edip biler. Oňa görä-de, Konstitusiýada göz öňünde tutulan, Türkmenistanyň Prezidentiniň gös-göni özüne degişli ygtyýarlyklary boýunça çykaran namalary, Türkmenistanyň Mejlisiniň kabul edýän Kanunlary we Kararlary, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň (şol sanda ýerli halk maslahatlaryň) Kararlary kazyýetde hak isleginiň närsesi bolup bilmeýär.

Şeýle hem, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kadalaşdyryjy namalary babatda kazyýetde olaryň hakyky däldigi barada mesele goýlan bolsa, ilki bilen şol nama üçin hak isleginň ýolbererliligi kesgitlenmelidir. Şunda esasy şertiň kadalaşdyryjy hukuk namanyň anyk fiziki ýa-da ýuridik şahsa gatnaşykda hukuklary we borçlary bellemegi göz öňünde tutmalydygyna, hususan-da, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ähli ýagdaýlarda diýen ýaly, kesgitlenmedik şahslar topary bilen baglydygyndan, onuň tutuş ýurduň çägi ýa-da döwlet we jemgyýetçilik ähmiýetli meseleler babatda ählumumy häsiýetli çözgütleri kabul edýändiginden ugur alnanda, kazyýetlerde hakyky däldigi barada talap goýlup bilinjek şeýle mazmundaky kadalaşdyryjy hukuk namanyň tejribede örän seýrek ýüze çykyp biljekdigine kazyýetler üns bermelidirler.

27. Şonuň bilen birlikde, ýerine ýetiriji häkimiýetiň beýleki edaralary – ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralar, agentlikler, komitetler, gulluklar, konsernler, häkimler tarapyndan çykarylan kadalaşdyryjy hukuk namalaryň kanunylygyna kada gözegçiligi hakynda kazyýete hak isleýiş arza berlen bolsa, ilki bilen kazyýete çenli düzgünleşdirmegiň berjaý edilendigi barlanmaga degişlidir.

Hususan-da, “Hukuk namalary hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 44-nji maddasyna laýyklykda, kadalaşdyryjy hukuk namalary döwlet belligine alnanda olarda hukuk kadasynyň barlygy, olaryň döwlet belligine alynmaga degişliligi, kadalaşdyryjy hukuk namasynyň kanunçylyga laýyk gelýänligi seljerilýär. Türkmenistanyň Adalat ministrligi kadalaşdyryjy hukuk namasyny döwlet belligine almakdan şu halatlarda ýüz dönderýär, eger şeýle nama:

1) adamyň we raýatyň kanunda bellenilen hukuklaryny we azatlyklaryny kemsidýän bolsa;

2) ýuridik şahslaryň kanuny bähbitlerini bozýan bolsa;

3) ýokarda durýan derejeli kadalaşdyryjy hukuk namalaryna garşy gelýän bolsa;

4) kadalaşdyryjy hukuk namasyny kabul eden edaranyň ygtyýarlylygynyň çäginden çykýan bolsa;

5) gyzyklanýan edaralar bilen ylalaşylmadyk bolsa;

6) döwlet belligine alynmaga degişli kadalaşdyryjy hukuk namalaryny döwlet belligine almagyň, resmileşdirmegiň we ylalaşmagyň düzgünlerini bozmak bilen kabul edilen bolsa.

Şoňa görä-de, kadalaşdyryjy hukuk namasy döwlet belligine alnandan soň, ýokarda görkezilen 1-3-nji ýagdaýlaryň bardygy ýüze çyksa ýa-da olaryň bardygy çaklanylsa, fiziki ýa-da ýuridik şahs Türkmenistanyň Adalat ministrligine görkezilenler babatda ýüz tutup, Türkmenistanyň Adalat ministrligi hem öz gezeginde ýüz tutan şahsyň getiren delillerini esassyz hasaplap, döwlet belligine alnan kadalaşdyryjy hukuk namasyny ýatyrmak barada ony kabul eden edara teklip bermekden ýüz dönderen ýagdaýynda, degişli şahslaryň kazyýete kada gözegçiligi hakynda hak islegi bilen ýüz tutup biljekdiklerini kazyýetlere düşündirmeli. Şeýle ýagdaýda jogap beriji hökmünde kadalaşdyryjy hukuk namany kabul eden edara, Türkmenistanyň Adalat ministrligi bolsa çekilen üçünji tarap hökmünde işe gatnaşdyrylýar. Eger-de, şu ýagdaýda hak islegi kanagatlandyrylan halatynda

kadalaşdyryjy hukuk namany we onuň döwlet belligini ýatyrmak barada netijä gelinmelidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

28. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň administratiw işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, Arkadag, Aşgabat şäherleriniň we welaýat kazyýetleri degişli kazyýetler tarapyndan administratiw hak isleglerіniň görnüşleri we ýol bererliligi, administratiw iş ýöredişe gatnaşyjylar babatda maddy we iş ýöredіş kanunçylygyň berjaý edilişiniň kazyýet iş tejribesini yzygiderli seljermelidirler, hereket edýän we täze kabul edilýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryň durmuşa geçirilmegi bilen baglylykda ýüze çykýan administratiw işler boýunça hak isleglerіniň ýol bererliligi we iş ýöredişe gatnaşyjylar baradaky meselelere aýratyn üns bermelidirler. Şu meselelerde kemçiliklere ýol berilmegi, kazyýet kararlarynyň kanunylygyna we esaslylygyna, geljekde ýerine ýetirilmek mümkinçiligine täsirini ýetirýär.

29. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň administratiw işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri degişli kazyýetler tarapyndan administratiw işleriniň öz wagtynda we dogry seredilmegini üpjün etmelidirler hem-de bu görnüşli işler boýunça kazyýet iş tejribesini yzygiderli umumylaşdyryp, ýüze çykarylan kemçilikleri aradan aýyrmak maksady bilen degişli çäreleri görmelidirler, şol sanda kazyýetlere zerur bolan amaly kömekleri bermelidirler.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy B.Hojamgulyýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy G.Ýegenmämmedowa

K A R A R Y № 6

2025-nji ýylyň 18-nji oktýabry Aşgabat şäheri

Türkmenistanyň Administratiw iş ýöredişi kodeksiniň iş ýöredişi möhletleri baradaky kadalaryny ulanmak bilen bagly käbir meseleler hakynda

(25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň karary esasynda girizilen üýtgetme bilen)

Administratiw kazyýet önümçiliginde iş ýöredişi möhletleri baradaky kadalaryň kazyýetler tarapyndan dogry we birmeňzeş ulanylmagyny üpjün etmek maksady bilen, "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy

K A R A R E D Ý Ä R :

1. Iş ýöredişi möhletleri, administratiw kazyýet önümçiliginde möhüm ähmiýete eýe bolup durýar we onuň netijeliligini, hukuk taýdan takyklygyny şeýle hem kanunylyk ýörelgesiniň berjaý edilmegini üpjün edýär.

Raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny, şeýle hem döwlet edaralarynyň kanuny bähbitlerini goramagyň mümkinçiligi möhletleriň dogry berjaý edilmegi bilen aýrylmaz baglydyr.

2. Iş ýöredişi möhletleri - "Administratiw önümçilik hakynda" Türkmenistanyň Kanuny we Türkmenistanyň Administratiw iş ýöredişi kodeksi (mundan beýläk Türkmenistanyň AdIÝK) bilen düzgünleşdirilýär.

"Administratiw önümçilik hakynda" Türkmenistanyň Kanuny administratiw hereketleriň tapgyrlaryny kadalaşdyrýar, ýagny administratiw namalary kabul etmek we ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly gatnaşyklaryň meýletin hem-de mejbury ýerine ýetirilmeginiň möhletlerini kesgitleýär. Türkmenistanyň AdIÝK bolsa, döwlet we raýat arasyndaky hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan jedeller boýunça kazyýet önümçiliginiň tertibini, kazyýetde şol jedellere seretmegiň we çözmegiň iş ýöredişi ýörelgelerini we düzgünlerini belleýär.

Şunda, administratiw kazyýet önümçiliginiň subýektleri tarapyndan, olaryň kanunda göz öňünde tutulan hukuklarydyr, borçlaryny ýerine ýetirmeklik kesgitli iş ýöredişi möhletler bilen çäklendirilendir. Kanunda bellenen iş ýöredişi möhletleriň haýsy hem bolsa biriniň gelip ýetmegi ýa-da geçmegi kesgitli hukuk netijeleri döredýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

Administratiw önümçiligiň subýektleriniň, şeýle hem kazyýetleriň kanunçylykda bellenen iş ýöredişi möhletlere laýyklykda hereket etmegi işlere öz wagtynda seredilmegini we çözgüdiň kabul edilmegini kepillendirýär, şeýle hem administratiw edaralaryň we kazyýetleriň işinde wagtyň yza çekilmeginiň, çözgüdiň

kabul edilmegine çendenaşa köp wagtyň sarp edilmeginiň öňüni almagyň hukuk serişdesi bolup durýar.

3. Eger-de, Türkmenistanyň AdIÝK-nde möhletleri hasaplamak boýunça ýörite düzgünler kesgitlenmedik bolsa, Türkmenistanyň Raýat iş ýöredişi kodeksinde göz öňünde tutulan iş ýöredişi möhletleri baradaky düzgünleriň ulanylýandygyny kazyýetlere düşündirmeli.

4. Iş ýöredişi möhletleriniň bellenmegi we hasaplanmagy, Türkmenistanyň AdIÝK-niň 22-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, hak isleýiş arzasynyň berilmegi üçin möhletiň hasaplanmagy, şikaýat edilýän administratiw namanyň ýa-da şikaýat boýunça çözgüdiň yglan edilen pursadyndan başlanýar. Eger-de administratiw nama administratiw tertipde şikaýat edilse, onda hak isleýiş arzasyny bermek üçin möhlet diňe ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýokarda durýan edarasy tarapyndan şikaýat boýunça kabul edilen çözgüt resmi taýdan yglan edilen pursadyndan başlap hasaplanýandygyna kazyýetler üns bermelidirler.

Şoňa görä-de, kazyýete hak isleýiş arzasyny bermegiň başlangyç senesiniň kesgitlenmegi, möhletleriň başlanýan senesi üçin örän ähmiýetli bolup durýandygyny nazara alyp, arza bermek üçin günleriň ýa-da aýlaryň hasaplanyp başlanýandygy baradaky kadalaryň kazyýetler tarapyndan berk berjaý edilmegi zerurdyr.

5. Ilkinji nobatda administratiw tertipde şikaýat, administratiw namany kabul eden ýerine ýetiriji häkimiýet edarasynyň ýokarda durýan edarasyna berilse, onda kazyýete hak isleýiş arzasyny bermek üçin möhlet, diňe şol ýokarda durýan edaranyň kabul eden çözgüdi resmi taýdan yglan edilen pursatyndan başlanýar.

Eger-de administratiw namany kabul eden ýerine ýetiriji häkimýetiň edarasynyň ýokarda durýan edarasy bolmasa ýa-da kanunda gös-göni kazyýete şikaýat etmek göz öňünde tutulan bolsa, şikaýat edilýän administratiw nama resmi taýdan yglan edilen pursaty hak isleýiş arzasyny bermek üçin möhletiň başlanylýan güni hasaplanýandygyna kazyýetler üns bermelidirler.

Şeýle hem, Türkmenistanyň AdIÝK-niň 22-nji maddasynyň 2-nji böleginde, eger administratiw namada ýa-da şikaýat boýunça kabul edilen çözgütde raýatyň öz hukuklaryny nähili tertipde gorap biljekdigi barada (ýagny hukuk goragynyň tertibi hakynda) maglumat görkezilmese, onda hak isleýiş arzasyny bermek üçin möhlet administratiw nama yglan edilen ýa-da degişli administratiw edara tarapyndan hereket ýa-da hereketsizlik amala aşyrylan pursatyndan başlap bir ýylyň dowamynda ýol berilýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

Bu düzgün döwlet edaralarynyň jogapkärçiligini ýokarlandyryp, olary ýüz tutýan raýata öz hukuklaryny nähili gorap biljekdigi barada doly we anyk maglumat bermäge borçlandyrýar. Eger bu maglumat berilmedik bolsa, onda kanun boýunça uzaldylan möhlet - ýagny bir ýyllyk hukuk gorag möhleti ulanylyp, munuň özi adalatlylyk ýörelgesiniň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek bilen, raýaty "habarsyz goýmak" arkaly möhleti geçirmek ýaly ýagdaýlaryň öňüni almaga mümkinçilik döredýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

6. Türkmenistanyň AdIÝK-niň 22-nji maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda, eger iş ýöredişe gatnaşyjy möhleti esasly sebäplere görä geçiren bolsa, onuň esasly sebäpler bilen delillendirilen haýyşnamasy esasynda, şol iş ýöredişi möhleti

dikeldilip bilner. Şunda haýyşnama, möhletiň geçirilmeginiň sebäpleri aradan aýrylandan soň iki hepdäniň dowamynda berilmelidir. Bu hukuk kadasy şikaýat etmek möhletini geçiren fiziki ýa-da ýuridiki şahsyň öz hukuklaryny goramaga mümkinçilik döredilmegine şert bolup durýandygyna kazyýetler üns bermelidirler.

Esasly sebäplere - agyr kesel, fiziki şahsyň nam-nyşasyz giden diýip ykrar edilmegi ýa-da ölen diýip yglan edilmegi, uzak möhletleýin gulluk iş saparynda ýa-da syýahatçylykda bolmagy, tebigy betbagtçylyk, resmi habaryň berilmezligi, ýol päsgelçilikleri we beýleki esasly ýagdaýlar degişli bolup biler. Şeýle ýagdaýlarda iş ýöredişe gatnaşyjynyň öz hukuklaryndan peýdalanyp bilmek mümkinçiliginiň bolmandygyna kazyýetler doly göz ýetirmelidirler.

Haýyşnama bermegiň möhleti – möhleti geçirmegiň sebäbi aradan aýrylandan soň, mysal üçin, saglyk ýagdaýy gowulaşandan soň, degişli adam diňe iki hepdäniň dowamynda kazyýete ýüz tutup bilýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

Bu kadanyň esasy maksady – fiziki ýa-da ýuridik şahsyň öz mümkinçiliklerinden daşary ýagdaýlar sebäpli hukuklarynyň goralmagyny üpjün etmekdir. Şunda bu mümkinçilik hem çäkli bolup, sebäpleriň aradan aýrylmagy bilen degişli tarap öz hukugyny goramak üçin çalt hereket etmese, geçirilen möhleti dikeltmek hukugynyň hem ýitirilýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

7. Türkmenistanyň AdIÝK-niň 22-nji maddasynyň 4-nji bölegine laýyklykda, möhletleriň hasaplanmagy babatda Türkmenistanyň Raýat iş ýöredişi kodeksiniň degişli düzgünleri ulanylýar. Munuň özi administratiw iş ýöredişi kodeksinde möhletleriň hasaplanmagy boýunça kadalaryň doly göz öňünde tutulmandygyny we bu meselede degişli kadalaryň Raýat iş ýöredişi kodeksinden ugur alnyp ulanylýandygyny görkezýär.

Şeýle hem, Türkmenistanyň AdIÝK-niň 22-nji maddasy administratiw kazyýet önümçiliginde möhletleriň başlanmagy, uzaldylmagy we dikeldilmegi bilen baglanyşykly ýagdaýlary jikme-jik kadalaşdyrýar. Bu kadalaryň esasy maksady - raýatlaryň kazyýete hak islegi bilen ýüz tutmak hukugynyň üpjün edilmegini, döwlet edaralary tarapyndan kabul edilýän administratiw namalarda raýatlara degişli hukuk gorag tertibi barada doly we düşnükli maglumaty bermek borjunyň üpjün edilmegini, şeýle hem möhletler geçirilen ýagdaýynda, esasly sebäplere görä olaryň dikeldilmegine mümkinçilik döredilmegini göz öňünde tutýar.

Bu düzgünleriň mazmuny administratiw iş ýöredişe gatnaşyjy taraplara aýdyň düşündirilmelidir, sebäbi olar raýatlaryň kazyýet goragyna doly we päsgelçiliksiz elýeterliligini üpjün etmekde möhüm orna eýedir.

8. Iş ýöredişi möhletiniň togtadylmagy – bu, aradan aýrylmagy üçin wagt talap edilýän, garaşylmadyk we obýektiw häsiýetli päsgelçilikleriň ýüze çykmagy bilen şertlendirilýän ýagdaýda, işe seretmek bilen baglanyşykly iş ýöredişi hereketleriniň wagtlaýyn duruzylmagyndan ybaratdyr. Iş boýunça önümçilik togtadylan halatynda, heniz tamamlanmadyk ähli iş ýöredişi hereketleri hem degişli möhletler bilen bilelikde wagtlaýyn togtadylyp, möhletleriň togtadylmagyna getiren sebäpler aradan aýrylandan soňra, iş ýöredişe gatnaşyjylaryň arzasynyň esasynda ýa-da kazyýetiň başlangyjy boýunça iş boýunça önümçilik dikeldilmäge degişlidir.

Iş boýunça önümçiligiň togtadylan döwrüniň dowamynda möhlet geçmeýär. Iş boýunça önümçilik dikeldilenden soň, möhletiň geçmegi dowam edýär we kanunda

göz öňünde tutulan möhletiň galan wagtynyň dowamynda degişli iş ýörediş hereketleri hökmany suratda amala aşyrylmalydyr. Möhletiň dowam edip başlamagy, togtadylmagyna sebäp bolan ýagdaýlaryň hakykat ýüzünde aradan aýrylan senesinden däl-de, iş boýunça önümçiligi dikeltmek hakyndaky kazyýetiň degişli kesgitnamasy çykarylan senesinden başlanýandygyna kazyýetler üns bermelidirler.

9. Iş ýörediş möhletleriniň uzaldylmagy diňe kazyýet tarapyndan amala aşyrylyp bilinýär, şunda kanun bilen anyk bellenen möhletleriň uzaldylmagynyň mümkin däldigi göz öňünde tutulmalydyr.

Iş ýörediş möhletleriniň uzaldylmagy - bu, bellenen möhletde ýerine ýetirilmeli iş ýörediş hereketleriniň esasly sebäplere görä ýerine ýetirilip bilinmedik halatynda, kazyýet tarapyndan täze möhletiň berilmegini aňladýar.

Şoňa görä-de, kazyýet tarapyndan bellenen möhletde degişli iş ýörediş hereketlerini amala aşyrmaga borçly bolan taraplar, şeýle hem beýleki gyzyklanýan şahslar möhletiň uzaldylmagyny sorap, hökmany suratda möhlet geçmänkä, kazyýete arza bilen ýüz tutmalydyrlar.

Kazyýet tarapyndan bu görnüşdäki arzanyň seredilmegi kazyýet mejlisini geçirmezden, degişli resminamalaryň esasynda ýerine ýetirilip bilner. Möhletiň uzaldylmagy baradaky arza kazyýet tarapyndan diňe şol möhletde hereketleriň ýerine ýetirilmeginiň mümkin däldigini tassyklaýan esasly sebäpler görkezilen we degişli subutnamalar bilen üpjün edilen ýagdaýynda kanagatlandyrylyp bilinýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

Esasly sebäpler hökmünde, şahsyň iş saparynda ýa-da saglyk ýagdaýy sebäpli hassahanada bolmagy, gyzyklanýan şahsyň bolmazlygynda çykarylan kazyýet namasynyň nusgasynyň wagtynda gowşurylmazlygy we beýleki öňünden görlüp bilinmeýän we raýatyň özüne bagly bolmadyk päsgelçilikleri görkezmek bolar.

Arza seredip, kazyýet onuň kanagatlandyrylmagy we iş ýörediş möhletiniň uzaldylmagy ýa-da kanagatlandyrmakdan ýüz dönderilmegi hakynda kesgitnama çykarýar.

Eger kazyýet möhleti uzaltmak barada kesgitnama çykaran bolsa, onda bu kesgitnamada möhletiň näçe gün, aý ýa-da ýyl uzaldylýandygy, ýagny täze möhletiň anyk wagt aralygy takyk görkezilmelidir.

Möhleti uzaltmak ýa-da möhleti uzaltmakdan ýüz döndermek baradaky kazyýetiň kesgitnamasyna hususy şikaýat berlip bilner.

10. Türkmenistanyň AdIÝK-niň 23-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, “Jedelleşilýän administratiw namanyň yglan edilen pursatyndan başlap, bir aýyň dowamynda hak isleýiş arzasy kazyýete berilmelidir” diýilmegi raýatlaryň ýa-da beýleki gyzyklanýan taraplaryň döwlet häkimiýet edaralarynyň, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň ýa-da wezipeli adamlaryň kabul eden administratiw namalaryny kanuna garşy diýip hasaplaýan bolsalar, onda ol namanyň üstünden şikaýat bilen kazyýete ýüz tutmak hukuklarynyň goragynyň kepillendirilendigini aňladýar. Şeýle ýagdaýda, eger fiziki ýa-da ýuridik şahs, döwlet edarasy tarapyndan kabul edilen administratiw nama bilen (mysal üçin: karar, buýruk, rugsatnamadan mahrum etmek, jerime baradaky çözgüt we ş.m.) özi babatda hukuklary kemsidildi diýip hasaplasa, bu administratiw namanyň yglan edilen gününden başlap bir aýyň

dowamynda kazyýete hak isleýiş arzasyny bermäge hukugy bardyr. Bu bir aýlyk möhlet, administratiw namanyň resmi taýdan yglan edilen gününden hasaplanylýar. Çünki, bu kada birnäçe möhüm hukuk ýörelgesine hyzmat edýär:

Birinjiden - möhletiň çäklendirilmegi: kazyýete ýüz tutmak üçin anyk wagt çägi bellenilip, munuň özi işleriň kanunalaýyk alnyp barylmagyny, kazyýetiň iş yüküniň kadaly saklanmagyny hem-de işleriň seredilmeginiň uzaga çekilmezligini üpjün edýär.

Ikinjiden - habarly bolmak esasynda jogapkärçilik, bu diýildigi möhletiň başlanýan pursaty, administratiw namanyň resmi taýdan yglan edilen wagty bilen baglanyşykly bolup, raýatyň çözgütden habarly bolan pursatyndan başlap kanun boýunça hereket etmeli wagtynyň başlanylýandygyny alamatlandyrýar.

Üçünjiden - raýatyň hukuklaryny goramak, bu düzgün, raýatlara döwlet edaralarynyň çykarýan kararlaryna garşy kazyýet goragyny üpjün edýän hukuk guralyny ulanmak bilen tarapyň kanuny däl diýip hasaplaýan namalaryna garşy aç-açan we tapgyrlaýyn esasda garşy çykmaga mümkinçilik berýär.

11. Administratiw namanyň yglan edilen pursaty diýlip, onuň gyzyklanýan tarapa resmi taýdan habar berlen ýa-da gowşurylan güni göz öňünde tutulýar. Şeýle hem, administratiw nama ýazmaça görnüşde (poçta ýa-da kurýer arkaly) ýa-da elektron görnüşde (elektron poçta ýa-da degişli elektron habarlaşyk ulgamy arkaly) taraplara iberilip bilinýär.

"Administratiw önümçilik hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 32-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, poçta üsti bilen önümçiligiň gatnaşyjysyna iberilýän ýazmaça administratiw nama onuň poçta berlen pursadyndan ýedi gün geçenden soň yglan edilen hasap edilýär. Munuň üçin administratiw namanyň adresata hökmany suratda gowşurylmagy şert edilmeýär. Elektron görnüşde iberilýän administratiw nama bolsa, onuň iberilen pursadyndan üç gün geçenden soň yglan edilen hasap edilýär.

Şonuň üçin, kazyýetler administratiw namanyň yglan edilen pursatyny kesgitlemekde ýokarda agzalan düzgünlere üns bermelidirler. Bu çemeleşme, administratiw möhletleriň geçip başlamagynyň dogry kesgitlenmegi we taraplaryň hukuklarynyň netijeli goralmagy üçin möhüm ähmiýete eýedir.

Möhleti hasaplamak şol günüň ertesi günden başlanylýar, ýagny, administratiw namanyň yglan edilen güni möhleti hasaplamagyň içine girmeýär. Bir aýlyk möhlet hem seneler boýunça hasaplanylýar. Mysal üçin, administratiw nama 5-nji martda raýata gowşurylan bolsa, möhlet 6-njy martdan başlap hasaplanýar we 6-njy aprelde möhlet tamamlanýar. Eger möhletiň soňky güni işlenilmeýän (dynç alyş, baýramçylyk we hatyra) güne gabat gelse, onda onuň tamamlanýan güni hökmünde şondan soň gelýän ilkinji iş güni hasap edilýär. Bu düzgünleriň kazyýetler tarapyndan takyk ulanylmagy we iş ýöredişe gatnaşyjy tarapa dogry düşündirilmegi hukuk deňliginiň we adalatlylygyň üpjün edilmegi üçin möhüm ähmiýete eýedir.

12. Türkmenistanyň AdIÝK-niň 23-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, eger kesgitli administratiw namany çykarmak hakyndaky arzany kanagatlandyrmakdan ýüz dönderilen bolsa, borçnamany ýerine ýetirmek hakyndaky hak islegi bir aýyň dowamynda bildirilmelidigine, şunuň bilen baglylykda jedelleşmek bilen bagly hak isleginiň möhletleri barada beýan edilen

ugrukdyryjy düşündirişleriň hak isleginň şu görnüşi babatda hem ugur alynmalydygyny kazyýetlere düşündirilmelidir.

13. Administratiw nama, ol gönükdirilmedik gaýry gyzyklanýan şahslaryň kanuny bähbitlerine ilkinji gezek täsir edýän bolsa, administratiw nama şikaýat, olaryň şeýle namanyň kabul edilendigi barada habarly bolan gününden bir aýyň dowamynda, ýöne onuň kabul edilen gününden bir ýyldan gijä galman berlip bilinýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

14. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň administratiw işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri etrap kazyýetleri we etrap hukukly şäher kazyýetleri tarapyndan administratiw işlere seredilende administratiw iş ýörediş kanunçylygynyň hak isleýiş wagtynyň möhletleri baradaky kadalarynyň dogry berjaý edilişini kazyýet gözegçiliginde saklamalydyrlar hem-de kanunçylygy ulanmakda ýol berilýän kemçilikleri aradan aýyrmak maksady bilen, zerur çäreleri wagtynda görmelidirler, şol sanda umumylaşdyrma işlerini geçirip, kazyýetlere degişli iş tejribe kömegini bermelidirler.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy B.Hojamgulyýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy G.Ýegenmämmedowa

K A R A R Y № 7

2025-nji ýylyň 18-nji oktýabry Aşgabat şäheri

Administratiw işlere nägilelik we ýokary nägilelik basgançaklarda seretmegiň kazyýet iş tejribesi hakynda

(25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň karary esasynda girizilen üýtgetme bilen)

Türkmenistanyň kazyýetleri tarapyndan administratiw işlere nägilelik we ýokary nägilelik basgançaklarda seredilende administratiw iş ýöredişi kanunçylygynyň ulanylyşynda birmeňzeş kazyýet iş tejribesini ýola goýmak hem-de olary ulanmak boýunça ýüze çykan soraglara ugrukdyryjy düşündirişleri bermek maksady bilen, "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Plenum

K A R A R E D Ý Ä R:

1. Nägilelik basgançakly kazyýetleriň işindäki kemçilikleri düzetmekliğiň, şeýle hem administratiw işlerine nägilelik we ýokary nägilelik şikaýatlar boýunça seretmekliğiň kanunda görkezilen tertibiniň berk berjaý edilmeginiň zerurdygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

2. Işlere nägilelik tertibinde seredilende kazyýetler kanuna laýyklykda aşakdaky ýagdaýlary, ýagny, birinji basgançakly kazyýet tarapyndan iş boýunça ähmiýeti bolan ýagdaýlaryň doly öwrenilendigi; kazyýetiň takyklanan diýip hasap eden ýagdaýlarynyň subut bolandygy; kazyýetiň öz çözgüdinde beýan eden netijesiniň işiň hakyky ýagdaýlaryna laýyk gelýändigi; maddy ýa-da iş ýöredişi hukuk kadalarynyň bozulandygy ýa-da bozulmandygy, şol kadalaryň ulanylyşynyň dogrulygy baradaky meseleleri aýdyňlaşdyrmalydyr.

3. Administratiw kazyýet önümçiliginde işlere seredilende kazyýetiň öz başlangyjy boýunça işiň ähli ýagdaýlaryny anyklaýandygyny, kazyýetleriň iş ýöredişe gatnaşyjylar tarapyndan oňa berlen faktlar, hukuk delilleri we olaryň subutnamalary derňemek hakyndaky haýyşnamalary bilen bagly däldigi, kazynyň formal ýalňyşlyklaryň aradan aýrylmagyna, düşnüksiz arzalaryň düşündirilmegine, maksadalaýyk haýyşnamalaryň talabalaýyk goýulmagyna, ýeterlik bolmadyk hakyky maglumatlaryň üstüniň doldurylmagyna, mundan başga-da işiň ýagdaýlaryny anyklamak we baha bermek üçin düýpli ähmiýeti bolan ähli maglumatlaryň berilmegine ýardam etmäge borçludygy baradaky talabyň ýerine ýetirilip ýetirilmändigini barlaýar.

4. Turkmenistanyň Administratiw işe ýöredişi kodeksiniň (mundan beýläk Türkmenistanyň AdIÝK) 47-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, iş ýöredişe gatnaşyjylar kazyýetiň çözgüdi bilen ylalaşmasa, ýalňyş ýa-da adalatsyz hasaplanan ýerlerini görkezmek bilen kazyýet kararlaryna nägilelik şikaýaty bermäge hukuklary bardyr.

5. Nägilelik şikaýatyna ýokarda durýan kazyýet tarapyndan, ýagny Türkmenistanyň AdIÝK-niň 3-nji maddasynyň 7-nji we 10-njy bentlerine laýyklykda, birinji basgançakly kazyýetiň kanuny güýje girmedik kararyna berlen nägilelik şikaýatyna nägilelik basgançakly kazyýet hökmünde welaýat kazyýetleriniň, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleriniň administratiw işleri boýunça kazyýet kollegiýasynyň, nägilelik basgançakly kazyýetiň kanuny güýje girmedik kesgitnamasyna berlen ýokary nägilelik şikaýatyna Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň administratiw işler boýunça kazyýet kollegiýasynyň ýokary nägilelik basgançakly kazyýet hökmünde seredýändigi göz öňünde tutulýar.

6. Administratiw kazyýet önümçiliginde, birinji basgançakly kazyýetiň kesgitnamasyna şikaýat etmegiň möhleti on gün, işiň düýp manysy boýunça çykarylan çözgüde şikaýat etmegiň möhleti bir aýdyr. Bu möhlet kazyýet kararlarynyň gowşurylan pursatyndan hasaplanyp başlanylýar. Wagt möhleti geçirilip berlen nägilelik ýa-da ýokary nägilelik şikaýatlary degişli kazyýet tarapyndan Türkmenistanyň AdIÝK-niň 47-nji maddasyna laýyklykda, nägilelik şikaýaty ygtyýarlylygy bolan kazyýete kesgitnamanyň gowşurylan pursatyndan on günüň dowamynda berilmelidigi we agzalan şikaýaty şol möhleti geçirip berlendigi üçin düýp manysy boýunça seretmezden gaýtarylýandygy düşündirilip, jogap haty iberilmelidir.

7. Eger-de, şikaýat möhletiň tamamlanýan günüň ýary gijesine (sagat 00:00) çenli, poçta aragatnaşyk edarasynyň nokatlaryna kazyýete iberilmegi üçin tabşyrylan bolsa, wagt möhleti geçirilmedik hasaplanylýar. Bu ýagdaýda şikaýat bilen ýüz tutulan güni poçta edarasynyň bukjasyndaky möhüri we onuň beren töleg resminamasy arkaly kesgitlenilýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

8. Eger-de, nägilelik şikaýaty ýa-da ýokary nägilelik şikaýaty iş ýörediş möhleti geçenden soňra berlen halatynda, şikaýat bilen birlikde, geçirilen iş ýörediş möhletini dikeltmek barada haýyşnama hem berilmelidir. Haýyşnamada möhletiň geçirilmegine getiren esasly sebäpler görkezilmelidir. Kazyýet haýyşnama seretmegiň netijesinde geçirilen iş ýörediş möhletini dikelden halatynda, bu iş ýörediş möhleti işe beýleki gatnaşyjylar babatynda hem dikeldilýär. Şonuň üçin işe gatnaşýan beýleki şahslar babatynda geçirilen möhleti dikeltmek meselesine aýratyn seretmegiň zerurlygynyň ýokdugyny kazyýetlere düşündirmeli.

9. Eger-de, şikaýat möhleti esasly geçirilip berlen we bu ýagdaý şikaýata goşulan resminamalar bilen tassygyny tapýan bolsa, onda Türkmenistanyň AdIÝK-niň 2-nji maddasynyň ikinji bölegine laýyklykda, eger-de agzalan Kodeksde kazyýet önümçiligini amala aşyrmak hakynda düzgünler bellenilmedik bolsa, onda degişlilikde, eger olar Kodeksiň esasy ýörelgelerine we maksatlaryna garşy gelmeýän bolsa, Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň we beýleki kanunlaryň kadalary ulanylýar diýen kadasyndan ugur alnyp, Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 108-nji maddasynyň talaplaryna laýyklykda, möhlet baradaky meselä seretmelidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Şunda nägilelik ýa-da ýokary nägilelik şikaýatyny bildirmek möhletini dikeltmek baradaky haýyşlara seredilende, şikaýat ediljek bolunýan çözgüdiň kanunalaýyklygy baradaky meselelere seretmäge degişli däldigini, diňe nägilelik

ýa-da ýokary nägilelik şikaýatyň möhletini dikeltmek baradaky delillerini barlamalydygyny kazyýetlere düşündirmeli.

10. Nägilelik şikaýatynda degişli çözgüde görkezme we kesgitli haýyşnama görkezilmelidir. Onda şikaýata esaslandyrma bolup hyzmat edýän faktlar we subutnamalar görkezilmelidir, ýagny nägilelik şikaýatynda, bir tarapyň haýsydyr bir netijä, çäre görülmegine ýa-da kazyýetiň belli bir karary üýtgetmegine gönükdirilen takyk talaby görkezilmelidir. Nägilelik şikaýat diňe "men razy däl" diýen sözlerden ybarat bolup bilmeýändigi sebäpli, şikaýat eden tarap öz nägileligini düşündirip, haýsy karara şikaýat edýändigini we onuň esasyny anyk görkezmelidir.

11. Eger nägilelik önümçiligine Kodeksiň nägilelik we ýokary nägilelik basgançakly kazyýetlerde önümçilik bölüminde başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, birinji basgançakly kazyýetdäki önümçilik hakyndaky düzgünler ulanylýar. Bu kada Türkmenistanyň administratiw hukuk ulgamynda nägilelik önümçiliginiň nähili tertipde alnyp barylmalydygyny kesgitleýän umumy düzgünleriň biridir.

Nägilelik basgançakly kazyýetde iş ýöredilýän mahaly, ýokarda agzalan bölümde belli bir ýagdaý üçin aýratyn düzgün bellenmedik bolsa, ol ýagdaý üçin birinji basgançakly kazyýetde ulanylýan umumy düzgünler ulanylmalydyr. Diýmek, nägilelik önümçiliginde mesele ýüze çykan ýagdaýynda, şol mesele barada ýörite düzgün ýok bolsa, onda ilkibaşdaky (birinji basgançakly) kazyýetdäki iş ýöredişi tertibi esas hökmünde kabul edilýär. Eger Kodeksiň nägilelik önümçiligine degişli bölüminde şikaýatyň berilmegi boýunça ýa-da taraplaryň çagyrylmagy, subutnamalaryň kabul edilmegi baradaky düzgün açyk bellenmedik bolsa, onda bu ýagdaýlar üçin birinji basgançakly kazyýetdäki degişli düzgünler ulanylýar. (Türkmenistanyň AdIÝK-niň 48-nji maddasynyň 1-nji bölegi)

12. Eger nägilelik şikaýaty ýol bererlikli bolmasa, ýagny nägilelik şikaýaty Türkmenistanyň AdIÝK-nde bellenen formal-ýuridik talaplara we şertlere laýyk gelmeýän bolsa, ýagny şikaýat bellenilen möhletde berilmedik bolsa (eger möhlet geçse, ýörite esas bolmaly); şikaýat dogry salga we degişli kazyýete ugradylmadyk bolsa, degişli taraplar görkezilmedik bolsa; şikaýatda kazyýetiň çözgüdine garşy näme sebäpli nägilelik bildirilýändigi görkezilmedik bolsa; şikaýat ýazmaça görnüşde, degişli gol bilen hem-de resminamalary bilen bilelikde tabşyrylmadyk bolsa; şikaýaty berýän tarap şu işe gatnaşmaga hukugy bolan tarap bolmadyk bolsa, onda ol ýüz dönderilmäge degişlidir, bu kada, nägilelik şikaýatyň kazyýet tarapyndan ilkinji barlagyndan soň, onuň ýol bererlik derejesine seredilip, degişli çözgüdi kabul etmek baradaky tertibi düzgünleşdirýär, bu barada iş ýöredişe gatnaşyjylar diňlenilenden soň kesgitnama çykarylýar.

13. Şikaýat etmäge bolan hukugyň, kazyýet iş ýöredişiniň aç-açanlygyny we adalatlylygyny üpjün edýändigine, sebäbi islendik işiň netijesine ýokary derejede gaýtadan seredilip bilinýändigine, munuň diňe bir administratiw edaralaryň hereketlerine däl-de, kazyýetleriň özüniň hem işine gözegçilik edilýändigine, bu ýagdaýlaryň kazyýet kararlarynyň hiliniň we kanunylygynyň ýokarlanmagyna ýardam edýändigine üns berilmelidir.

14. Nägilelik basgançakly kazyýet jedeli nägilelik şikaýatynyň çäklerinde birinji basgançakly kazyýetiň barlaýşy ýaly möçberde barlaýar, kazyýetiň nägilelik

şikaýatynyň çäklerinden çykmaga hukugy ýokdur, ýöne onuň ýazgysy bilen bagly däldigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Şunda agzalýan çäklendirmä garamazdan, nägilelik basgançakly kazyýetiň jedeli nägilelik şikaýatynyň çäklerinde birinji basgançakly kazyýetiň barlaýşy ýaly möçberde barlaýandygy, täze faktlary we subutnamalary nazara almaga hukuklydygy bilen baglylykda, işiň materiallaryny doly barlap, şikaýatda görkezilmedik başga-da kanun bozulma ýa-da ýalňyşlyga ýol berlen bolsa, olary hem nazara alyp, karara täzeden seretmäge hukugynyň bardygyna hem üns bermelidirler.

15. Nägilelik ýa-da ýokary nägilelik şikaýatyny beren işe gatnaşýan şahslar jogap berijiniň razylygy bolmazdan kazyýet mejlisiniň başlanmagyndan öň, özleriniň şikaýatlaryndan ýüz döndermäge haklydyr. Soňra nägilelik şikaýatyndan ýüz dönderilmegine diňe jogap berijiniň razylygy bilen ýol berilýär. Şunda, kazyýet şikaýatdan ýüz döndermäniň kanunylygyny seljermelidir. Eger-de, şikaýatdan ýüz döndermek hukuklary we kanun arkaly goralýan bähbitleriň bozulmagyna getirýän bolsa, kazyýet şikaýatdan ýüz döndermäni kabul etmän, işe umumy tertipde seredilmäge degişlidigini kazyýetlere düşündirmeli.

16. Nägilelik şikaýaty ýol bererlikli bolmasa, onda ol ýüz dönderilmäge degişlidir, bu barada iş ýöredişe gatnaşyjylar diňlenilenden soň kesgitnama çykarylýar. Nägilelik basgançakly kazyýetiň kesgitnamasyna on günüň dowamynda ýokary nägilelik basgançakly kazyýete şikaýat edip bolýar, nägilelik basgançakly kazyýetiň kesgitnamasyna şikaýat berilmedik bolsa, onda şikaýat etmegiň möhleti geçeninden soňra, kazyýet kararlary kanuny güýje girýär. Nägilelik basgançakly ýa-da ýokary nägilelik basgançakly kazyýetlerde işe seredilende kazyýet şu aşakdakylary seljerýär:

- kazyýet kararyny çykaran kazyýetiň bu işe degişli ähli ýagdaýlary doly gözden geçirip-geçirmändigini;
- kazyýetiň kesgitlän iş üçin ähmiýeti bolan ýagdaýlaryň subut edilip-edilmändigini;
- kazyýetiň kararynda gelen netijesiniň subut bolandygy we esaslydygy;
- kazyýetiň iş üçin ähmiýeti bolan subutnamalara dogry baha berendigini;
- bildirilen ähli talaplar boýunça kazyýet karary dogry kabul edilendigini;
- maddy we iş ýörediş kanunlaryň dogry ulanandygyny.

17. Nägilelik ýa-da ýokary nägilelik basgançakly kazyýetler işe seretmegiň netijesinde şikaýaty kanagatlandyrman galdyrmak ýa-da şikaýaty kanagatlandyrmak we şikaýat edilýän kazyýet kararyny sökmek, iş boýunça täze çözgüt kabul etmek ýa-da ozalky kazyýet basgançagyna täze düzümde seretmek üçin ibermek baradaky çözgütleriň birini kabul edip biler. Işe seretmegiň netijesinde kazyýet kesgitnama çykarýar. Kazyýet kesgitnamada öz gelen netijesini esaslandyrmalydyr we onuň hukuk netijelerini işe gatnaşýan şahslara düşündirmelidir.

18. Iş ýörediş kadalarynyň nädogry ulanylmagy ýa-da bozulmagy, diňe işiň nädogry çözülmegine getiren halatynda kazyýet kararynyň sökülmegine getirýär, ýagny eger jedelleşilýän çözgüt onuň mazmun taýdan kanunalaýyklygyna täsirini ýetirmeýän iş ýöredişiň kadalarynyň bozulmagy bilen çykarylan bolsa, onda nägilelik we ýokary nägilelik şikaýaty ýüz dönderilmäge degişlidir. Kazyýet

çykdajylarynyň paýlanmazlygy ýa-da olaryň dogry paýlanmazlygy kazyýet kararyny sökmek üçin esas bolup bilmez.

19. Nägilelik ýa-da ýokary nägilelik basgançakly kazyýetler işe seretmegiň esasynda gelen netijesini kazyýet mejlisinde yglan etmelidir. Zerur bolan halatlarda, iş boýunça esaslandyrylan kazyýet kararyny düzmek üç güne çenli yza süýşürilip bilner. Kazyýet kararynda kazyýet çykdajylaryny paýlamagyň tertibi görkezilmelidir.

20. Beýleki görnüşli kazyýet işlerinden tapawutlylykda, administratiw işleri boýunça nägilelik basgançakly kazyýet tarapyndan çykarylýan kesgitnamanyň üstünden iş ýöredişe gatnaşyjylar ýokary nägilelik şikaýaty bildirmäge hukuklydyrlar. Eger-de, nägilelik basgançakly kazyýetiň kesgitnamasyna şikaýat bildirilmedik bolsa, kesgitnama onuň yglan edilen pursatyndan däl-de, Türkmenistanyň AdIÝK-nyň 47-nji maddasynyň üçünji böleginde göz öňünde tutulan, kesgitnama şikaýat bermegiň on gün möhleti geçenden soň güýje giryändigini kazyýetlere düşündirmeli.

Eger şol möhletiň dowamynda iş ýöredişe gatnaşyjylar tarapyndan nägilelik basgançakly kazyýetiň kararlaryna bellenen tertip berjaý edilip, ýokary nägilelik şikaýat berlen bolsa, onda administratiw işi degişli şikaýat bilen, bellenen tertibe laýyklykda resmileşdirilip, ýokary nägilelik basgançakly kazyýete iberilmelidir.

21. Kazyýetiň çözgüdi şu ýagdaýlarda sökülmäge degişlidir: eger jedelleşilýän çözgüt Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, onuň şu işe gatnaşmagyna ýol berilmeýän kazy tarapyndan çykarylan bolsa; iş boýunça çözgüt çykaran nägilelik basgançakly kazyýet talabalaýyk düzümde bolmasa; iş ýöredişe gatnaşyjylaryň biriniň kazyýetde diňlenmek hukugy bozulan bolsa; kazyýet mejlisiniň açyklygy baradaky düzgünler bozulan bolsa; jedelleşilýän çözgüdiň esaslandyrmasy bolmasa.

22. Administratiw kazyýet önümçiliginde kazyýet kararlarynyň kanuny güýje girmegi bilen bagly aýratynlygy Türkmenistanyň AdIÝK-nyň 58-nji maddasynda görkezilendir. Oňa görä-de, kazyýetleriň kanuny güýje giren kararlary şikaýat edilmäge degişli däldir. Administratiw kazyýet önümçiliginde raýat kazyýet önümçiligine mahsus bolan gözegçilik basgançakly kazyýet önümçiliginiň hereket etmeýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

23. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň administratiw işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri tarapyndan administratiw işleriniň öz wagtynda we dogry seredilmegi üpjün edilmelidir hem-de bu görnüşli işler boýunça kazyýet iş tejribesini yzygiderli umumylaşdyryp, ýüze çykarylan kemçilikleri aradan aýyrmak maksady bilen degişli çäreler görülmelidir, şol sanda kazyýetlere zerur bolan amaly kömekler berilmelidir.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy B.Hojamgulyýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy G.Ýegenmämmedowa

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 8

2025-nji ýylyň 18-nji oktýabry Aşgabat şäheri

Raýatlaryň saglygynyň goralmagy çygrynda käbir etmişler bilen bagly jenaýat işleri boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda

(25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň karary esasynda girizilen üýtgetme bilen)

Raýatlaryň saglygynyň goralmagy çygrynda, şeýle hem saglygy goraýyş işgärleriniň wezipe borçlaryny amala aşyrmagy bilen bagly jenaýat işleri boýunça kazyýetler tarapyndan kanunçylygyň birmeňzeş ulanylmagyny üpjün etmek maksady bilen hem-de düşündiriş berilmegini talap edýän, kazyýet iş tejribesinde bu görnüşli işler boýunça ýüze çykýan käbir meseleler bilen baglylykda, "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy

K A R A R E D Ý Ä R:

1. Raýatlaryň saglygynyň goralmagy çygrynda ýüze çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirýän "Raýatlaryň saglygynyň goralmagy hakynda" Türkmenistanyň Kanunynda ulanylýan düşünjelere laýyklykda, raýatlaryň saglygynyň goralmagy, bu her bir adamyň fiziki we psihiki saglygynyň goralyp saklanmagyna we berkidilmegine, onuň uzak ýyllar dowam edýän işjeň durmuşynyň saklanylmagyna gönükdirilen syýasy, ykdysady, hukuk, durmuş, medeni, ylmy, saglygy goraýyş, sanitariýa-gigiýena we epidemiýa garşy häsiýetli çäreleriň jemidir. Saglygy goraýyş kömegi bolsa, öňüni alyş, anyklaýyş, saglygy bejeriş, dikeldiş ýa-da barlag işine gönükdirilen kömekdir.

2. "Raýatlaryň saglygynyň goralmagy hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, hünärli lukmançylyk bilimi bolan hem-de saglygy goraýyş işini amala aşyrýan fiziki şahsyň saglygy goraýyş işgäri, raýatlaryň saglygyny goramak işi bilen meşgullanmaga hukugy bolan, ýokary lukmançylyk bilimli hünärmeniň bolsa lukman hasaplanýandygyny kazyýetlere düşündirmeli.

3. Saglygy goraýyş çygrynda amala aşyrylan jenaýatlar üçin jogapkärçiligi göz öňünde tutýan kanunçylygyň talaplarynyň gyşarnyksyz berjaý edilmelidigine, raýatlaryň saglygyny goramak çygrynda jenaýat eden adamlaryň ählisiniň ýüze çykarylmagy we günäkärleriň kanuny jogapkärçilige çekilmekleri üçin zerur çäreleriň görülmelidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

4. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň (mundan beýläk Türkmenistanyň JK-nyň) 118-nji maddasynda göwreliligi emeli usul bilen bikanun aýyrmak üçin jogapkärçilik göz öňünde tutulmak bilen, şeýle hereketleriň kanunyň düzgünleriniň bozulmagy bilen edilmegi, enäniň saglygyna we janyna howp salýandygyna kazyýetler aýratyn üns bermelidirler.

Göwreliligi emeli usul bilen bikanun aýyrmak göni niýet bilen (bilkastlaýyn) amala aşyrylyp, getiren netijelerine baglylykda (TJK-nyň 118-nji maddanyň 5-nji böleginde göz öňünde tutulan halatlarda) - günäniň ikileýin görnüşi usulynda amala aşyrylýan jenaýat bolup, jenaýatyň getiren netijeleriniň seresapsyzlykdan ýüze çykýandygyna garamazdan, Türkmenistanyň JK-nyň 26-njy maddasyna laýyklykda, jenaýatyň tutuşlygyna bilkastlaýyn edilen diýlip hasap edilýändigini, şoňa görä-de jenaýatyň jemgyýet üçin howplulyk derejesiniň nazara alynmalydygyny, şeýle hem günäkäre bellenen jeza çäresini çekmekligiň düzgünlerini kesgitlemekde ähmiýetlidigini kazyýetlere düşündirmeli.

Eger-de, göwrelilik emeli usul bilen jebir çekeniň erk-islegine garşy mejbury aýrylan bolsa, onda getiren netijelerine laýyklykda, günäkäriň hereketleri Türkmenistanyň JK-nyň 107-nji maddasynyň degişli bölekleri bilen maddalaşdyrylmaga degişlidigine kazyýetler üns bermelidirler.

5. "Raýatlaryň saglygynyň goralmagy hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 19-njy maddasynda, maşgalany meýilleşdirmek we öz saglygyny goramak, şeýle hem islenilmeýän göwreliligiň öňüni almak maksady bilen, enelik baradaky meseläni aýalyň özbaşdak çözmäge hukugynyň bardygy görkezilendir.

Şol maddada beýan edilen kadalara laýyklykda, göwreli aýalyň on sekiz ýaşyna ýetenden soň, bäş hepdä çenli göwreliliginiň möhleti bolan mahalynda göwreliligini emeli usul bilen aýyrmaga hukugy bardyr. On sekiz ýaşyny doldurmadyk göwreli aýala göwreliligiň möhleti bäş hepdä çenli bolan mahalynda, göwreliligiň arasy emeli usul bilen aýrylmagy onuň ata-enesiniň (ýa-da olaryň ornuny tutýan adamyň) ýazmaça razylygy we lukmançylyk-maslahat beriş toparynyň netijenamasy bolan mahalynda geçirilýär.

Ýokarda getirilen kanunyň kadalary bilen göwreliligiň emeli usul bilen aýrylmagynyň beýleki ýagdaýlary, ýagny

1) göwreliliginiň möhleti ýigrimi iki hepdä çenli bolan mahalynda durmuş görkezijileri boýunça − lukmançylyk-maslahat beriş toparynyň netijenamasy boýunça;

2) göwreliliginiň möhleti ýigrimi iki hepdä çenli bolan mahalynda saglygy goraýyş görkezijileri boýunça − lukmançylyk-maslahat beriş toparynyň netijenamasy boýunça;

3) göwreliliginiň möhleti ýigrimi iki hepdeden ýokary bolan mahalynda saglygy goraýyş görkezijileri boýunça – ygtyýarly edara tarapyndan bellenilen tertipde lukmanlaryň maslahatynyň (konsiliumynyň) netijenamasy boýunça geçirilýändigi görkezilendir.

6. Degişli ugurda ýokary lukmançylyk bilimi bolan adam tarapyndan hassahanadan ýa-da beýleki kesel bejeriş jaýyndan başga ýerde ýa-da kesel bejeriş jaýynda, ýöne bikanun esasda göwreliligiň emeli usul bilen aýrylmagy, Türkmenistanyň JK-nyň 118-nji maddasynyň birinji böleginiň alamatlaryny emele getirmek bilen, şunda degişli ugurda ýokary lukmançylyk bilimi bolan adam hökmünde, ýokary lukmançylyk bilimli akuşer-ginekologa düşünilmelidir.

7. "Raýatlaryň saglygynyň goralmagy hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 19-njy maddasyna laýyklykda, göwreliligiň emeli usul bilen aýrylmagynyň döwlet saglygy goraýyş edaralarynda geçirilmeginiň göz öňünde tutulandygyna kazyýetler

üns bermelidir.

Oňa görä-de, şeýle hereketler kesel bejeriş jaýynda, ýöne döwlet saglygy goraýyş edarasynda geçirilmedik bolsa, onda şeýle hereketleriň bikanun amala aşyrylan hasap edilýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

8. Bikanun esasda göwreliligiň emeli usul bilen aýrylmagy diýlip, "Raýatlaryň saglygynyň goralmagy hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 19-njy maddasynda sanalyp geçilen möhletleriň we düzgünleriň bozulyp, göwreliligiň emeli usul bilen aýrylan ýagdaýlaryna düşünilmelidir.

9. Göwreliligi emeli usul bilen aýyrtmaga mejbur etmek diýlip, jebir çekeni dürli usullar bilen (mysal üçin: meýil döretmek, jebir çekeni ýa-da onuň ýakyn adamlaryny masgaralaýan maglumatlary ýaýratmak haýbatyny atmak we ş.m.) onuň göwreliligini emeli usul bilen aýyrtmaga sezewar etmeklige düşünilmelidir.

10. Ýokary lukmançylyk bilimli, ýöne bilimi akuşer-ginekolog ugry boýunça bolmadyk adam tarapyndan göwreliligiň emeli usul bilen aýrylmagy, bu hereketleriň degişli ugurda ýokary lukmançylyk bilimi bolmadyk adam tarapyndan edilmegi hökmünde hasap edilýändigine, şunda günäkäriň hereketleriniň Türkmenistanyň JK-nyň 118-nji maddasynyň 3-nji bölegi bilen maddalaşdyrylmaga degişli bolýandygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

11. Göwrelilik emeli usul bilen bikanun aýrylan pursatynda (çaga düwünçeginiň enäniň göwresinden aýrylmagy bilen), şunda emeli usulyň haýsy görnüşiniň ulanylandygyna garamazdan, gutarylan jenaýat hasap edilýär.

12. Eger göwreliligi emeli usul bilen bikanun aýyrmak birnäçe adamlar ýa-da şol bir adam barada gaýtalanyp edilen bolsa, ol gaýtadan edilen jenaýat hasap edilýär. Jenaýatyň gaýtadan edilmegi ozalky jenaýat üçin iş kesilmegine bagly däldir, göwreliligi bikanun aýyrmaklygyň her bir ýagdaýy, bu jenaýatyň gaýtalanmagyny aňladýar. Şunda bu jenaýatyň gaýtadan edilmegi barada netijä gelmek üçin, ozalky şu görnüşli jenaýat üçin Türkmenistanyň JK-nyň 73-nji maddasynda görkezilen wagt möhleti geçmedik bolmalydyr, şeýle-de, eger bu babatda ozalky eden jenaýaty üçin günäkäre iş kesilen bolsa, Türkmenistanyň JK-nyň 80-nji maddasyna laýyklykda, iş kesilenlik aýby öz-özünden aýrylan ýa-da aýrylan bolmaly däldigine kazyýetler üns bermelidirler.

13. Göwreliligi emeli usul bilen bikanun aýyrmaklygyň netijesinde seresapsyzlykdan jebir çekeniň ölmegine getirendigi ýa-da onuň saglygyna agyr ýa-da orta agyrlykda zyýan ýetirilendigi barada netijä gelmek üçin, günäkäriň etmişi bilen onuň netijeleriniň arasynda sebäpli arabaglanyşygyň bolmagy hökmanydyr.

14. Göwreliligi emeli usul bilen bikanun aýyrmak lukmançylyk işine degişlidigine garamazdan, bikanun lukmançylyk etmek (Türkmenistanyň JK-nyň 122-nji maddasy) arkaly göwreliligiň emeli usul bilen bikanun aýrylmagy jenaýatlaryň umumy jemini döretmeýändigini, şunda TJK-nyň 17-nji maddasynyň 3-nji maddasyna laýyklykda, TJK-nyň 118-nji maddasynyň ýörite kada bolup, jogapkärçiligiň diňe şol madda bilen düşýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

15. Türkmenistanyň JK-nyň 119-njy maddasynda keselli adama kömek bermezlik üçin jenaýat jogapkärçiligi göz öňünde tutulyp, bu jenaýat adamyň saglygynyň we janynyň garşysyna gönükdirilendir we ol göni niýet bilen (bilkastlaýyn) edilýän jenaýat bolmak bilen, jenaýatyň netijesi, ýagny jebir çekeniň

saglygyna agyr zyýan ýetmegi ýa-da onuň ölmegine getirmegi seresapsyzlyk bilen ýüze çykýar. Bu jenaýatyň subýekti keselli adama kanuna ýa-da ýörite kada laýyklykda kömek bermäge borçly adam tarapyndan oňa esassyz sebäp bilen kömek berilmezligi bilen bagly bolup, şunda günäkär öz wezipe gözükdirijisinde göz öňünde tutulan hereketleri amala aşyrmaýar.

16. Keselli adama kömek bermezlik keseliň agyrlygyna ýa-da ýeňilligine garamazdan, Türkmenistanyň JK-nyň 119-njy maddasynda görkezilen netijelere getiren bolsa, şol hereketlerde keselli adama kömek bermezlik jenaýatynyň alamatynyň bolup biljekdigini kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

17. Keselli adama kömek bermezliginiň alamatlaryny emele getirmek üçin, günäkär adam keselli adama kanuna ýa-da kada laýyklykda borçludygyna garamazdan, şol borjuny esassyz ýerine ýetirmedik bolmalydyr.

Kanuna laýyklykda kömek berilmegine "Raýatlaryň saglygynyň goralmagy hakynda" Türkmenistanyň Kanunynda görkezilmegine düşünmek bolar. Mysal üçin, kanunda göz öňünde tutulan düzgünleriň berjaý edilmän, saglygy goraýyş işgäriniň, lukmanyň keselliniň çakylygyny kabul etmezligi, kesellini öýünde barlamakdan ýüz döndermegi, saglyk öýüne getirilen kesellini kabul etmezligi we oňa seretmekden boýun gaçyrmagy agzalan alamatlaryň düzümini emele getirip biler.

Ýörite kada laýyklykda kömek berilmegine, şeýle kömegiň ýörite resminamalarda görkezilmegine düşünilýär. Muňa mysal edip, polisiýa işgärleriniň jenaýat netijesinde agyr şikes alan adama ilkinji kömegi bermäge, onuň lukmançylyk edaralaryna eltilmegini guramaga borçludygy baradaky kadalary görkezmek bolar.

18. Türkmenistanyň JK-nyň 119-njy maddasynda görkezilen alamatlaryň biri hem esassyz sebäpler bilen kesellä kömek berilmezligidir. Şunda kesellä kömek bermeli adamyň özüniň syrkaw halda bolmagy, tebigy betbagtçylygyň bolmagy, kesellini hassahana äkitmäge mümkinçiliginiň bolmazlygy we ş.m. ýagdaýlar esasly sebäpler hökmünde hasaplanylmaga degişlidir.

Şol bir wagtyň özünde, esasly sebäpler bolmazdan lukmanyň lukmançylyk kömegini berip bilmezligi, mysal üçin onuň zähmet rugsadynda bolmagy, iş wagtynyň gutarandygy, myhmançylykda bolmagy we ş.m. bilen esaslandyrylyp bilinmez, çünki şol ýagdaýlar lukmany öz borjuny ýerine ýetirmekden boşatmaýar.

19. Keselli adama kömek bermezliginiň netijeleri (seresapsyzlyk bilen agyr zyýanyň ýetirilmegi ýa-da keselliniň ölmegi) bilen kesellä kömek bermeli adamyň esassyz ýardam bermezliginiň arasynda sebäpli arabaglanyşyk bolmalydyr. Mysal üçin, ýürek agyrysy bolan adam, keseli erbetleşip, dem almasy kynlaşyp, saglyk öýüniň nobatçy lukmanyna ýüz tutandygyna garamazdan, nobatçy lukman kömek bermekden esassyz ýüz dönderýär. Ol görnetin kömege mätäç adama başga keselhana ýüz tutmagy teklip edýär. Keselli adamyň dem almasy barha kynlaşyp, ol başga keselhana ýetmänkä ölýär. Şu ýerde jebir çekeniň ölmegine getiren ýagdaý bilen nobatçy lukmanyň hereketleriniň arasynda sebäpli aragatnaşyk bolup biler.

20. Lukmançylyk işgäriniň professional borçlaryny göwnejaý ýerine ýetirmändigi (Türkmenistanyň JK-nyň 120-nji maddasynyň 1-nji bölegi) üçin jenaýat jogapkärçiliginiň ýüze çykmagy üçin lukmançylyk işgäri tarapyndan

professional borçlarynyň ýerine ýetirilmezligi ýa-da göwnejaý ýerine ýetirilmezligi, olara äsgermezlik edilmegi ýa-da päk ýürek bilen garalmazlygy netijesinde saglyga orta agyrlykda zyýan ýetirilmegine düşünilmelidir.

Şonuň ýaly etmişler, eger olar saglyga agyr zyýan ýetirse ýa-da seresapsyzlykdan jebir çekeniň ölmegine getirse, onuň üçin Türkmenistanyň JK-nyň 120-nji maddasynyň 2-nji böleginde jogapkärçilik göz öňünde tutulandyr.

Bu jenaýatlar seresapsyzlykdan edilýän jenaýatdyr.

21. Lukmançylyk işgäri tarapyndan professional borçlarynyň ýerine ýetirilmezligi diýlip, işgäriň keselli adama lukmançylyk kömegini bermek barada öz wezipe borçlaryna girýän hereketleri ýerine ýetirmezligine düşünilmelidir.

Şeýle işgär tarapyndan professional borçlarynyň göwnejaý ýerine ýetirilmezligine, olara äsgermezlik edilmegine ýa-da päk ýürek bilen garalmazlygyna lukmançylyk işgäriniň öz wezipe borçlaryny doly möçberde ýerine ýetirmezligine, öz borçlaryna sowuk-sala ýa-da äsgermezlik bilen çemeleşmegine, päk ýürek bilen garalmazlygyna düşünmek bolar. Bulara mysal edip, näsagyň anyklamasynyň (diagnozynyň) öz wagtynda kesgitlenmezligi ýa-da anyklamanyň (diagnozyň) nädogry goýulmagy, nädogry bejeriş bellenilmegi, näsagyň talabalaýyk lukmançylyk idegsiz galdyrylmagy, sanjym edilende arassaçylyk düzgünleriniň berjaý edilmezligi, lukman tarapyndan tabşyrylan sanjymlaryň şepagat uýasy tarapyndan öz wagtynda edilmezligi we şoňa meňzeş hereketleri görkezmek bolar.

22. Lukmançylyk işgäriniň professional borçlaryny göwnejaý ýerine ýetirmändigi sebäpli ýüze çykan netijeler lukmançylyk işgäriniň professional borçlaryny göwnejaý ýerine ýetirmezligi bilen bagly bolmasa (näsagyň lukmançylyk kömegi üçin has giç ýüz tutmagy, onuň bellenilen bejerişi ýerine ýetirmezligi we ş.m.), onda lukmançylyk işgäriniň hereketlerinde ýokarda görkezilen jenaýatlaryň alamatlary bolup bilmez.

23. Kämillik ýaşyna ýetmedik adamlaryň janyny we saglygyny goramak boýunça borçlaryň göwnejaý ýerine ýetirilmezligi (Türkmenistanyň JK-nyň 121-nji maddasy) bilen bagly etmişiň jenaýatçylykly bolmagy üçin şu aşakdakylaryň anyklanmagy zerurdyr:

1) jenaýatyň subýekti “Bilim hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 13-nji maddasynda göz öňünde tutulan bilim edaralarynda (mysal üçin: çagalar baglarynda, çagalar öýlerinde, orta mekdeplerde, mekdep-internatlarda we ş.m.) işleýän bolmalydyr;

2) işgäriň kämillik ýaşyna ýetmedikleriň janyny we saglygyny goramak baradaky borjy, içki düzgünnamada ýa-da kadalaşdyryjy hukuk namalarynda görkezilen bolmalydyr;

3) işgäriň kämillik ýaşyna ýetmedik adamlaryň janyny we saglygyny goramak boýunça professional borçlaryny ýerine ýetirmezligi ýa-da göwnejaý ýerine ýetirmezligi, olara äsgermezlik edilmegi ýa-da päk ýürek bilen garalmazlygy netijesinde jebir çekeniň saglygyna agyr zyýanyň ýetirilmegine ýa-da ölmegine getiren bolmalydyr;

4) etmişiň agyr netijesi seresapsyz hereketler bilen bagly bolmalydyr.

24. Bu jenaýat seresapsyzlykdan edilýän etmişden ybaratdyr. Eger kämillik ýaşyna ýetmedige agyr şikesiň ýetirilmegi ýa-da onuň ölümine getiren hereketler

baradaky günä niýet bilen bagly bolsa, şol hereketlerde bilkastlaýyn jenaýatyň alamatlary bolup biljekdigine kazyýetler üns bermelidirler.

25. Türkmenistanyň JK-nyň 122-nji maddasynda göz öňünde tutulan, bikanun lukmançylyk etmeklige, ýörite rugsady ýa-da degişli lukmançylyk bilimi bolmadyk adamyň lukmançylyk etmegine, şonuň netijesinde seresapsyzlyk boýunça jebir çekeniň saglygyna agyr zyýanyň ýetirilmegine ýa-da ölmegine getirmegine düşünilýär.

26. "Ýörite rugsat" diýlende, raýatlaryň saglygynyň goralmagy çygryndaky işiň aýry-aýry görnüşleriniň amala aşyrylmagy üçin ygtyýarnamalara düşünilmelidir. "Raýatlaryň saglygynyň goralmagy hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 10-njy maddasynyň 8-nji bendine laýyklykda, şonuň ýaly ygtyýarnamalary bermek (olaryň hereketini uzaltmak, togtatmak, möhletinden öň bes etmek we ş.m.) bilen bagly işler Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan amala aşyrylýar.

27. "Degişli lukmançylyk bilimi bolmadyk adam" diýlende, onda ýörite-orta (lukmançylyk orta hünär mekdebi tamamlan) ýa-da ýokary lukmançylyk biliminiň bolandygyna garamazdan, şeýle bilimiň ugrunyň edilýän lukmançylyk işiniň görnüşine degişli bolmazlygyna düşünilmelidir, muňa ýörite-orta ýa-da ýokary lukmançylyk bilimli saglygy goraýyş işgäriniň näsaga gaýragoýulmasyz ýagdaýda lukmançylyk kömegini beren halaty degişli däldir.

28. Bikanun lukmançylyk etmekligiň düzümini emele getirmek üçin, şeýle hereketler Türkmenistanyň JK-nyň 122-nji maddasynda göz öňünde tutulan agyr netijelere getiren bolmalydyr. Şunda, bikanun lukmançylyk etmek bilen bagly günäkäriň hereketleri bilen jenaýatyň getiren netijeleriniň arasynda arabaglanyşyk bolmalydyr.

29. Türkmenistanyň JK-nyň 123-nji maddasynda görkezilen, howp astynda galdyrmak bilen bagly jenaýatly hereketlere, jany we saglygy üçin howply ýagdaýda bolan we özüniň ýaşlygy, garrylygy, keselliligi zerarly ýa-da biçäreligi sebäpli özüni gorap saklamak üçin çäre görmek mümkinçiliginden mahrum bolan adamyny, ol barada alada etmäge borçly we kömek bermäge mümkinçiligi bolan ýa-da jebir çekeni onuň jany üçin howply ýagdaýa salan adam tarapyndan göz-görtele kömeksiz galdyrylmagyna düşünilýär.

Şol maddanyň belligine laýyklykda, Türkmenistanyň JK-nyň 364-nji we 403-nji maddalarynyň dördünji, altynjy we sekizinji böleklerinde göz öňünde tutulan jebir çekeniň howp astynda galdyrylyp, wakanyň bolan ýeriniň taşlanylyp gidilmegi bilen bagly etmişi eden adam Türkmenistanyň JK-nyň 123-nji maddasy bilen jenaýat jogapkärçiligine çekilmäge degişli däldir.

30. Howp astynda galdyrmak jenaýatynyň düzümini emele getirmek üçin aşakdaky alamatlaryň bolmagy hökmandyr:

1) jebir çeken jany we saglygy üçin howply ýagdaýda bolmalydyr;

2) ol özüniň ýaşlygy, garrylygy, keselliligi zerarly ýa-da biçäreligi sebäpli, onuň özüni gorap saklamak üçin çäreleri görmeklige mümkinçiligi bolmaly däldir;

3) günäkär jebir çeken barada alada etmäge borçly we kömek bermäge mümkinçiligi bolmalydyr ýa-da günäkäriň özi jebir çekeni onuň jany üçin howply ýagdaýa salan bolmalydyr.

Jebir çekeniň özüni gorap saklamak üçin çäreleri görmeklige mümkinçiligi bolmadyk ýagdaýlar diýlip, onuň ýaşlygy, garrylygy, keselliligi zerarly ýa-da biçäreligi sebäpli hereket etmekliginiň juda çäkli bolmagyna, başganyň kömegi bolmazdan öz synasyna erk edip bilmezligine, aň-düşünjesiniň özbaşdak hereket etmäge, özüniň we özi barada edilýän hereketleriň manysyna düşünip hereket edip bilmezligine we şolar ýaly beýleki ýagdaýlara düşünmek bolar.

Günäkäriň jebir çeken barada alada etmäge borçly bolmagy diýlende, günäkär bilen jebir çekeniň ýakyn garyndaşlygy, kanun, ýagny hossarlyk we howandarlyk, şeýle-de şertnama boýunça işleýän hünäri esasynda jebir çeken barada alada etmek borçlaryna, şeýle-de, günäkäriň ozal jebir çekene seretmäge borçlanyp, kömek edip durmagyna we gaýry şuňa meňzeş ýagdaýlara düşünilýär.

Günäkäriň özi jebir çekeni onuň jany üçin howply ýagdaýa salmagy diýlende, gönüden-göni günäkäriň eden hereketleri esasynda jebir çeken howply ýagdaýa düşen bolmalydyr. Muňa mysal edip, günäkär elektrik togy bilen işlän wagtynda seresapsyzlyga ýol berip, jebir çekeni tok urmagy netijesinde agyr ýagdaýa düşürip, ony jany we saglygy üçin howp astynda galdyrmaklygyny görkezmek bolar.

Günäkäriň howp astynda galdyran ýa-da howp astynda galan adama hakykat ýüzünde kömek bermek mümkinçiligi bolmadyk ýagdaýynda (özüniň agyr şikes almagy, saglygynyň juda pes ýagdaýa düşmegi, tebigy betbagtçylykly ýagdaýlaryň ýüze çykmagy we ş.m.), ol agzalan jenaýat üçin jogapkärçilige çekilip bilinmez.

31. Howp astynda galdyrmak göni niýet bilen (bilkastlaýyn) edilýän jenaýatdyr, çünki günäkär jany we saglygy üçin howply ýagdaýda bolan jebir çeken barasynda alada etmäge borçludygyna hem-de oňa kömek bermek mümkinçiliginiň bolandygyna garamazdan, ony göz-görtele kömeksiz galdyrýandygyna düşünip we onuň şeýle bolmagyny isläp hereket edýär.

Bu jenaýat jebir çekeniň jany ýa-da saglygy üçin howp astynda galdyrylan wagtyndan gutarylan jenaýat hasap edilýär we şol hereketleriň onuň jany üçin howply netijelere getirmegi hökmany däldir.

32. Şu kararda düşündiriş berilýän jenaýatlar bilen bagly jenaýatly hereketleriň (hereketsizligiň) netijesinde jebir çekeniň saglygyna ýetirilen zyýanyň derejesi ýa-da onuň ölümine getiren sebäpler kazyýet-lukmançylyk bilermenler seljermesiniň netijenamasy hem-de toplanan beýleki subutnamalar bilen tassyk bolmalydyr.

33. Kazyýetler kanunyň talaplaryna laýyklykda, saglygy goraýyş çygrynda edilen jenaýata getiren şertleri we sebäpleri her bir iş boýunça ýüze çykarmak üçin ähli zerur çäreleri görmelidirler. Iş boýunça anyklanan kemçilikleri aradan aýyrmak we olaryň gaýtalanmazlygyny gazanmak üçin hususy kesgitnamalar (hususy kararlar) çykarmak arkaly degişli wezipeli adamlaryň ünslerini çekmelidirler. Ýeterlik esaslar bar bolan mahalynda bolsa, jenaýat işini gozgamak boýunça zerur çäreleri görmelidirler.

34. Her bir işiň anyk ýagdaýlaryndan ugur alyp, kazyýetler hökmany suratda günäkär adamy belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek görnüşindäki goşmaça jezany bellemek baradaky meseläni ara alyp maslahatlaşmalydyrlar.

35. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri degişli kazyýetler tarapyndan raýatlaryň saglygynyň goralmagy çygrynda käbir etmişler bilen bagly jenaýat işleriň dogry çözülişine kazyýet gözegçiligi amala aşyrylmalydyr, bu babatda kazyýet iş tejribesi yzygiderli umumylaşdyrylmalydyr we ýüze çykarylan kemçiliklere degişli baha berlip, olary düzetmek boýunça öz wagtynda kanuny çäreler görülmelidir.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy B.Hojamgulyýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy G.Ýegenmämmedowa

K A R A R Y № 9

2025-nji ýylyň 18-nji oktýabry Aşgabat şäheri

Jenaýat işleri boýunça kazyýet-bilermenler seljermesini bellemegiň kazyýet iş tejribesi hakynda

(25.07.2026 ý. № 4 Plenumyň karary esasynda girizilen üýtgetme bilen)

Türkmenistanyň jenaýat iş ýörediş kanunçylygynyň kazyýet-bilermenler seljermesini bellemegiň tertibini düzgünleşdirýän kadalarynyň kazyýet iş tejribesinde dogry we birmeňzeş ulanylmagyny üpjün etmek maksady bilen, "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy

K A R A R E D Ý Ä R:

1. Kazyýet-bilermenlik işi amala aşyrylanda, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda şahslaryň hukuklarynyň we kanun arkaly goralýan bähbitleriniň goralmagy üpjün edilmelidir we ynsan mertebesiniň kemsidilmegine hem-de abraýdan düşürilmegine ýol berilmeli däldir.

Bilermenler seljermesi geçirilende işiň ýagdaýlary barada maglumatlary we kazyýet-bilermenler seljermesini geçirmek bilen bagly, mälim bolan gaýry maglumatlary, şol sanda döwlet, täjirçilik we kanun arkaly goralýan gaýry syrlary düzýän maglumatlary goralmalydyr.

2. Jenaýat işine gatnaşýan şahslar tarapyndan bilermenler sejlermesiniň netijenamasy şikaýat edilmäge degişli däldir. Çünki oňa kazyýet tarapyndan beýleki subutnamalar bilen bir hatarda hukuk taýdan baha berilýär.

Emma kazyýet-bilermenler seljermesi edarasynyň ýa-da bilermeniň hereketleri (hereketsizligi) hukuklarynyň we kanun arkaly goralýan bähbitleriniň bozulmagyna ýa-da çäklendirilmegine getiren diýip hasaplaýan şahslar şol hereketlere (hereketsizlige) Türkmenistanyň jenaýat iş ýörediş kanunçylygynda bellenilen tertipde şikaýat etmäge haklydyrlar.

3. Kazyýet-bilermenler seljermesi jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edaranyň, kazyýetiň, kazynyň, prokuroryň we sülçiniň kazyýet-bilermenler seljermesini bellemek hakynda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde çykarylan karary, kesgitnamasy esasynda geçirilýär.

4. Jenaýat işleri boýunça subut edilmäge degişli ýagdaýlaryň doly we dogry barlanylmagyny üpjün etmek üçin ylym, tehnika, ýol-ulag, kriminalistika, buhgalterlik, harytşynaslyk, sungat, senetçilik barada we beýleki çygyrlarda ýörite bilimleriň zerur bolan halatynda kazyýet-bilermenler seljermesiniň bellenilmeginiň möhümdigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Şunuň bilen baglylykda, kazyýet-bilermenler seljerme barlagy üçin niýetlenen maddy subutnamalaryň, resminamalaryň, adamyň synasynyň we akyl taýdan saglyk

ýagdaýynyň, jesetleriň, haýwanlaryň, seljerme barlagy üçin nusgalaryň, şeýle hem jenaýat işiniň materiallarynda bar bolan seljermäniň närsesine dahylly maglumatlaryň kazyýet-bilermenler seljermesiniň obýektleri bolup bilýändiklerine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Seljerme barlagynyň obýektleriniň ygtybarlylygy we ýolbererliligi seljermäni bellän edara tarapyndan kepillendirilýär.

5. Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň (mundan beýläk Türkmenistanyň JIÝK) 288-nji maddasyna laýyklykda, iş boýunça şu aşakdaky ýagdaýlarda, ýagny:

1) ölümiň sebäplerini anyklamak, saglyga ýetirilen zyýanyň häsiýetini we agyrlyk derejesini kesgitlemek üçin;

2) ýaşyny anyklamagyň iş üçin ähmiýeti bolup, olaryň ýaşy hakyndaky resminamalar ýok mahalynda ýa-da olaryň dogrudygy babatda şübhe dörän mahalynda, güman edilýäniň, aýyplanýanyň, jebir çekeniň ýaşyny anyklamak üçin;

3) eger güman edilýäniň, aýyplanýanyň akyly düzüwdigi hakynda ýa-da jenaýat işi boýunça olaryň öz hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramaga ukyplydygy babatda şübhe dörän bolsa, onuň akyl we beden taýdan saglyk ýagdaýlaryny kesgitlemek üçin;

4) eger jebir çekeniň, şaýadyň iş üçin ähmiýeti bolan ýagdaýlara akyl ýetirmek we ol ýagdaýlar hakynda dogry görkezme bermek ukyby barada şübhe dörän bolsa, onuň akyl we beden taýdan saglyk ýagdaýyny kesgitlemek üçin kazyýet-bilermenler seljermesiniň degişli görnüşleriniň bellenilmegi we geçirilmegi hökmandyr.

Degişli ýaşa ýetilen pursat adamyň doglan güni däl-de, onuň yz ýanyndaky günüň başlanýan wagty hasaplanýandygyny, şeýle ýagdaýlarda, adamyň doglan güni diýip bilermenler tarapyndan aýdylan ýylyň iň soňky güni hasap edilmelidigini, ýaşyň iň az we iň köp ýyl sany (mysal üçin: kämillik ýaşyna ýetmedikler barada 15-16 ýaş) aýdylan halatynda bolsa, şeýle adamyň bilermenler tarapyndan teklip edilen iň kiçi ýaşyndan ugur alynmalydygyny kazyýetlere düşündirmeli.

6. Kazyýet-bilermenler seljermesi düzgün bolşuna görä, jenaýat işi gozgalandan soň bellenilýär we geçirilýär.

Eger-de, jenaýat işini gozgamak hakynda çözgüdiň kabul edilmegi kazyýet-bilermenler seljermesini geçirmezden mümkin bolmadyk halatynda seljerme iş gozgalmanka hem geçirilip bilinýändigini düşündirmeli.

7. Jenaýat işleri kazyýet seljerişine bellemek tapgyrynda kazyýet-bilermenler seljermesini bellemek baradaky meseläniň çözülmegine, şol sanda kazyýetiň serenjam mejlisine bilermeniň çagyrylmagyna ýol berilmeýär. Çünki bu ýagdaýlar Türkmenistanyň JIÝK-nyň 337-nji we 339-njy maddalarynda göz öňünde tutulmandyr.

Türkmenistanyň JIÝK-nyň 333-nji maddasynyň ikinji bölegine laýyklykda, jenaýat işleri boýunça kazyýetiň serenjam mejlisine bilermeniň çagyrylmagyna ýol berilmeýär. Jenaýat işleri kazyýet seljerişine bellemek tapgyrynda kazyýetiň başlangyjy boýunça kazyýet-bilermenler seljermesini bellemek baradaky meselä seredilip bilinmez.

Şonuň bilen birlikde, Türkmenistanyň JIÝK-nyň 337-nji maddasynyň 13-nji bendine laýyklykda, aýyplanýanyň işi boýunça kazyýet seljerişini bellemek

hakyndaky meseläni çözen mahalynda kazynyň, serenjam mejlisinde bolsa kazyýetiň iş boýunça arzalar, haýyşlar we edilen şikaýatlar kanagatlandyrylmaga degişlimi ýa-da degişli däldigi baradaky meseläni aýdyňlaşdyrmaga borçludyklaryndan ugur alyp, aýyplanýanyň, jebir çekeniň ýa-da olaryň wekilleriniň ýa-da iş ýöredişe beýleki gatnaşyjylaryň kazyýet-bilermenler seljermesiniň bellenilmegi baradaky haýyşy bolup, ol kanagatlandyrylmaga degişli bolsa, bellenen tertipde kazyýet-bilermenler seljermesiniň bellenilip bilinjekdigine, ýöne kazyýet-bilermenler seljermesiniň subutnamalara baha bermek bilen bagly bolman, onuň bellenilmeginiň iş boýunça zerur bolmalydygyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Eger-de kazyýet mejlisinde kazyýet-bilermenler seljermesi geçirilen ýagdaýynda başlyklyk ediji bilermenden seljerme geçirmek üçin näçe wagt gerekdigini anyklap, bilermene zerur bolan wagty berip, kazyýet mejlisini gaýra goýmaga hukuklydyr.

Bilermen öz netijenamasyny kazyýet mejlisinde yglan edýär we netijenama bilen bagly ýüze çykan soraglara jogap berýär.

8. Kazyýetler anyklaýyş ýa-da deslapky derňew edaralary tarapyndan kazyýet-bilermenler seljermesi bellenende we geçirilende jenaýat iş ýörediş kanunçylygynyň, şol sanda aýyplanýanyň özüni goramaga bolan hukuklaryny kepillendirýän kadalarynyň berjaý edilendigine ýa-da edilmändigine aýratyn üns bermelidirler.

Eger-de, anyklaýyşda ýa-da deslapky derňewiň dowamynda, Türkmenistanyň JIÝK-nyň 288-nji maddasynda göz öňünde tutulan ýagdaýlaryň bardygyna, şeýle hem kazyýet-bilermen· iniň netijenamasynyň zerurlygyna garamazdan, kazyýet-bilermenler seljermesi bellenilmedik bolsa, iş boýunça seljerme geçirmek üçin gerek maglumatlar bar bolanda ýa-da kazyýet seljerişiniň dowamynda olary toplamak mümkin bolsa, bu mesele kazyýet mejlisinde çözülip bilner.

Işiň ýagdaýlaryny doly aýdyňlaşdyrmak, anyklaýyşyň ýa-da deslapky derňewiň doly däldiginiň üstüni doldurmak üçin, kazyýet-bilermenler seljermesini geçirmek talap edilýän bolsa, kazyýet seljerişiniň dowamynda kazyýet-bilermeniň seljerme geçirmegi üçin bermäge maglumatlar ýeterlik däl bolsa (goşmaça resminamalary, maddy subutnamalary we nusgalary gözläp tapmak ýa-da almak we ş.m.) we olary kazyýetiň başlangyjy bilen toplamak mümkinçiligi bolmasa, kazyýet geçirilen anyklaýşyň ýa-da deslapky derňewiň kazyýet derňewi dowamynda üsti ýetirilip bilinmejek düýpli kemçiligi bolýandygy sebäpli, jenaýat işiň deslapky derňewe gaýtarylmaga degişlidigini kazyýetlere düşündirmeli.

Kazyýet işi deslapky derňewe gaýtarmak baradaky kesgitnamasynda (kararynda), deslapky derňewiň anyk haýsy hereketleri amala aşyrmalydygyny we kazyýet-bilermenler seljermesini bellemek arkaly, anyk haýsy ýagdaýlaryň barlanmaga degişlidigini görkezmelidir.

Eger-de, kazyýet tarapyndan işiň ýagdaýlaryny doly anyklamak üçin kazyýet-bilermenler netijenamasynyň zerurdygyna garamazdan, kazyýet-bilermenler seljermesi bellenilmezden iş boýunça gutarnykly netijä gelnen bolsa, şeýle ýagdaýyň iş ýörediş kadalarynyň düýpli bozulmasy bolup duryandygyny we kazyýet kararlarynyň sökülmegi üçin esas bolup bilýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

9. Kazyýet-bilermenler seljermesini geçirmekliginiň ýörite seljerme edaralarynyň bilermenlerine ýa-da “Kazyýet-bilermenlik işi hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň

12-nji maddasynda görkezilen talaplara laýyk gelýän beýleki adamlara tabşyrylyp bilinýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

Eger-de belli bir çygyr boýunça zerurlyk ýüze çykan halatynda, bilermenler seljermesini geçirmek üçin daşary ýurt döwletiniň bilermeni hem çekilip bilner. Bu barada bilermenler seljermesini bellän edara (wezipeli adam) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde öz başlangyjy ýa-da bilermenler seljermesi edarasynyň ýolbaşçysynyň haýyşnamasy boýunça haýyş etmäge haklydyr.

Daşary ýurt döwletleriniň bilermenleriniň gatnaşmagynda bilermenler seljermesini geçirmek Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde amala aşyrylýandygyna kazyýetlere düşündirmeli.

10. Işe gatnaşýan taraplaryň haýyşnamasy boýunça bilermenler seljermesi edarasynyň ýolbaşçysy bilermenler seljermesini geçirýän bilermeniň familiýasyny, adyny we atasynyň adyny habar bermelidir.

Türkmenistanyň JIÝK-nyň 104-nji maddasynda görkezilen ýagdaýlaryň bar halatynda, bilermen jenaýat iş ýörediş önümçiligine gatnaşyp bilmez we oňa taraplar tarapyndan ynanmazlyk bildirilip biner.

Eger seljermäniň geçirilmegi seljerme edarasynyň bilermeni bolmadyk adama tabşyrmak göz öňünde tutulýan bolsa, onda kazyýet ony bellemek hakyndaky kesgitnamany (karary) çykarmazyndan öň, seljermäniň geçirilmegi tabşyrylmakçy bolýan adamyň şahsyýetine we ygtyýarlygyna degişli maglumatlary sorap almalydyr, onuň aýyplanýan, kazyýetde işi seredilýän, olaryň adwokatlary, jebir çeken, seljermä sezewar ediljek adam we olaryň wekilleri, iş ýöredişe beýleki gatnaşyjylar bilen özara gatnaşyklaryny anyklamalydyr hem-de bilermene ynanmazlyk bildirmäge esaslaryň bardygyny ýa-da ýokdugyny barlamalydyr.

11. Bilermen hökmünde bellenen adama kazyýet-bilermenler seljermesini bellemek hakyndaky kararyň (kesgitnamanyň) göçürilen nusgasy gowşurylmalydyr hem-de oňa Türkmenistanyň JIÝK-nyň 96-njy maddasynda göz öňünde tutulan hukuklary we borçlary düşündirilmelidir we ol görnetin ýalan netijenama çykaran ýagdaýynda Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 220-nji maddasy boýunça jenaýat jogapkärçiligine çekiljekdigi barada duýdurylmalydyr. Bu barada kazyýet-bilermenler seljermesini belleýän edaranyň çykaran kararynda (kesgitnamasynda) görkezmek ýeterlikdir.

12. Bilermeniň öňünde goýulýan soraglar onuň ýörite biliminiň, ygtyýarlygynyň çäginden çykmaly däldir. Bilermeniň öňünde, derňew edaralarynyň we kazyýetiň ygtyýarlyklaryna degişli bolan, aýyplanýanyň hereketlerine hukuk taýdan baha berilmäge degişli soraglaryň (anyk hukuk taýdan baha berilmäge degişli, mysal üçin adam öldürilipdirmi ýa-da öz-özüni heläk edipdirmi we ş.m. soraglaryň) goýulmagyna ýol berilmeýär. Şol sebäpli hem işe we bilermeniň ygtyýarlygyna degişli bolmadyk soraglar aýrylmaga, nätakyk düzülen soraglar düzeldilmäge degişli bolup, bilermeniň öňünde goýlan soraglar düşnükli hem-de iş boýunça takyklanan ýagdaýlara esaslandyrylmalydyr.

Şeýle-de, bilermeniň öňünde, güman edilýäniň, aýyplanýanyň, kazyýetde işi seredilýäniň, jebir çekeniň ýa-da şaýadyň görkezmelerine baha berilmegi bilen bagly, şol sanda olaryň görkezmelerine hukuk taýdan baha berilmäge degişli soraglaryň goýulmagyna ýol berilmeli däldir, sebäbi ol soraglara jogap bermegiň bilermeniň

ygtyýaryna girmeýändigini kazyýetlere düşündirmeli. Kazyýet-psihologik seljermesi geçirilen halatynda ýokardaky görkezilen ýagdaýlar muňa degişli däldir.

13. Işiň materiallarynda bar bolan kepilnamalar, ykrarnamalar we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň içki barlagynyň netijeleri bilermeniň netijenamasy hökmünde garalmagyna ýol berilmeýär we olar kazyýet-bilermenler seljermesini geçirmekden ýüz döndermeklige esas bolup bilmez.

14. Güman edilýän, aýyplanýan, kazyýetde işi seredilýän we olaryň adwokatlary, şeýle-de jebir çeken we onuň wekili, şaýat kazyýet-bilermenler seljermesini bellemek hakyndaky kesgitnama (karar) bilen tanyşdyrylmaga, bu barada degişli teswirnamada görkezilmäge degişlidir we olara Türkmenistanyň JIÝK-nyň 291-nji maddasyndaky görkezilen hukuklary düşündirilmelidir.

15. Kazyýet zerur ýagdaýlar ýüze çykan halatynda öz başlangyjy ýa-da iş ýöredişe gatnaşyjylarynyň haýyşy boýunça goşmaça, gaýtadan, toparlaýyn ýa-da toplumlaýyn kazyýet-bilermen seljermesini belläp biler.

Goşmaça, gaýtadan, toparlaýyn ýa-da toplumlaýyn bilermenler seljermesi bellenende kararda (kesgitnamada) şeýle bilermenler seljermesiniň bellenilmeginiň zerurlygy delillendirilmelidir.

Goşmaça, gaýtadan, toparlaýyn ýa-da toplumlaýyn bilermenler seljermesi bellenen halatynda öňki kararlarda (kesgitnamalarda) görkezilen soraglara jogap berlen halatynda ol soraglar soňky kararlarda (kesgitnamalarda) gaýtalanmaly däldir.

Goşmaça, gaýtadan, toparlaýyn ýa-da toplumlaýyn bilermenler seljermesi geçirilende bilermenleriň her biri netijenamada beýan eden pikiri boýunça jogapkärçilik çekmelidir.

Netijenama ýeterlik düşnükli ýa-da doly bolmadyk mahalynda, şeýle hem öň barlanan ýagdaýlar barada täze sowallar ýüze çykan mahalynda goşmaça seljerme bellenýär.

Işiň ýagdaýlaryna görä, goşmaça kazyýet-bilermenler seljermesi kazyýet melisiniň dowamynda hem geçirilip bilner.

Netijenama ýeterlik esaslandyrylmadyk ýa-da onuň dogrudygyna şübhe dörän halatlarynda, şol bir obýektleri barlamak we şol bir meseleleri çözmek üçin gaýtadan seljerme bellenilýär.

Eger kazyýet mejlisiniň dowamynda kazyýet-bilermenler seljermesi bellenen we geçirilen wagtynda iş ýöredişe gatnaşyjylarynyň hukuklary bozulyp, bu ýagdaýyň bilermeniň netijesiniň mazmunyna täsir edendigi ýa-da täsir edip biljekdigi anyklanan halatynda hem kazyýet üçin gaýtadan bilermen seljermesini bellemek üçin esas bolup biler.

Öňki seljermäni geçiren bilermenler, gaýtadan seljerme geçirilen mahalynda bolup we topara düşündirişler berip bilerler, emma seljerme barlaglaryna we netijenamanyň düzülmegine gatnaşyp bilmeýändiklerine kazyýetler üns bermelidirler.

Goşmaça, gaýtadan, toparlaýyn ýa-da toplumlaýyn seljermeleri geçirmek tabşyrylan mahalynda, bilermene (bilermenlere) öňki seljermeleriň netijenamalary berilmelidir.

Kazyýet-bilermenler seljermesi bilermen tarapyndan ýekelikde ýa-da bilermenler topary tarapyndan amala aşyrylýar.

Toparlaýyn seljerme çylşyrymly seljerme barlagyny geçirmek zerur bolan halatynda bellenilýär we bir hünärdäki ikiden az bolmadyk bilermen tarapyndan geçirilýär.

Adamyň akyly düzüwlik meselesi boýunça kazyýet-psihiatriýa bilermenler seljermesi geçirilende oňa azyndan üç bilermeniň gatnaşmagynyň üpjün edilmelidigine we onuň diňe toparlaýyn geçirilmäge degişlidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

16. Iş üçin ähmiýeti bolan ýagdaýy anyklamak üçin bilimleriň dürli pudaklar esasynda barlaglar geçirmek zerur bolan mahalynda toplumlaýyn seljerme bellenýär we ol dürli hünärdäki bilermenler tarapyndan olaryň her biriniň ygtyýarlyklarynyň çäklerinde geçirilýär.

Toplumlaýyn bilermenler seljermesini geçirmegi guramak onuň geçirilmegi tabşyrylan bilermenler seljermesi edarasynyň ýolbaşçysynyň üstüne ýüklenilýär.

Toplumlaýyn seljermäniň netijenamasynda her bir bilermeniň nähili barlaglary, näçe möçberde geçirendigi we onuň gelen netijeleri görkezilmelidir. Her bir bilermen netijenamanyň öz geçiren barlaglaryny içine alýan bölegine gol çekýär.

Bilermeniň netijenamasy kazyýet mejlisinde yglan edilip, işe gatnaşýanlaryň ol baradaky pikirleri soralmalydyr. Eger bilermeniň netijesi ýeterlik düşnükli bolmasa, onuň üstüniň dolunmagy üçin goşmaça barlagy talap etmeýän kemçilikler bar bolsa ýa-da bilermeniň ulanan usullaryny we adalgalaryny takyklamak zerur bolsa, netijenama babatda düşündirişleri we goşmaçalary almak maksady bilen görkezilen ýagdaýlar boýunça bilermen kazyýet mejlisinde sorag edilip bilner.

17. Bilermeniň netijenamasy düzülende “Kazyýet-bilermenlik işi hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 30-njy maddasynyň, Türkmenistanyň JIÝK-nyň 298-nji maddasynyň 2-nji böleginiň talaplaryndan ugur alynmalydyr.

Bilermenler seljermesini bellän edaranyň (wezipeli adamyň) karary (kesgitnamasy) bilermenler seljermesini geçirýän bilermenler üçin hökmanydyr.

18. Eger seljerme geçirilen mahalynda bilermen iş üçin ähmiýeti bolan ýagdaýlary anyklasa we şu ýagdaýlar barada onuň öňünde sowal goýulmadyk bolsa, bilermen şol ýagdaýlary hem öz netijenamasynda görkezmäge haklydyr.

Eger barlagyň dowamynda netijenamany bermegiň mümkin däldigi barada mesele ýüze çykarylan bolsa, onda goýlan sowallaryň hemmesine ýa-da käbirlerine jogap berip bolmajakdygy netijenamada delillendirilmelidir.

Eger bilermen barlag geçirmänkä goýlan sowallara jogap bermek onuň ýörite bilimine gabat gelmese netijenama berip bolmajakdygy hakynda delillendirilen habarnama düzýär we ony seljerme bellän edara iberýär.

Bilermeniň netijenamasy ýa-da ony bermegiň mümkin däldigi hakyndaky habarnamasy, şeýle hem deslapky derňew tamamlanmazdan öň bilermeni sorag etmegiň teswirnamasy güman edilýäne, aýyplanýana, jebir çekene, şeýle hem seljermä sezewar edilen şaýada görkezilýär. Olar seljermäniň netijeleri boýunça öz düşündirişlerini bermäge we närazylyklaryny bildirmäge haklydyrlar.

19. Kazyýet-bilermenler seljermesiniň netijesi, beýleki ähli subutnamalar bilen bir hatarda kazyýet mejlisinde barlanmaga degişlidir.

Eger-de bilermenler seljermesiniň netijenamasy we bilermeniň görkezmesi iş boýunça toplanan beýleki subutnamalara gabat gelýän bolsa ol hökümiň beýan

ediş-delillendiriş böleginde görkezilip, kazyýet tarapyndan subutnama hökmünde kabul edilip bilinýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Bilermeniň netijesine baha berilmegi kazyýetiň höküminde öz beýanyny tapmalydyr. Kazyýet höküminde bilermen seljermesiniň netijesi bilen haýsy ýagdaýlaryň anyklanandygyny görkezmelidir we onda diňe bilermeniň netijesine salgylanmak bilen çäklenmeli däldir.

Bilermeniň çaklama esaslanyp gelen netijesiniň höküme esas edilip alnyp bilinmeýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Haçanda bilermeniň netijenamasy delillendirilmedik ýa-da bilermenler seljermesi geçirilende degişli usullar ulanylmadyk ýa-da nädogry ulanylan (mysal üçin: belli bir awtoryň ýazan ylmy çeşmesine salgylanan we ş.m.) bolsa, ol netijenamanyň ýeterlik esasly hasap edilip bilinmeýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

20. Kazy ýa-da kazyýet taraplaryň haýyşy ýa-da öz başlangyjy boýunça bilermenler seljermesini kazyýet mejlisiniň islendik döwründe belläp biler.

Kazyýet mejlisinde bilermenler seljermesini bellemekliginiň zerurlygy ýüze çykan halatynda kazyýetler Türkmenistanyň JIÝK-nyň 396-njy maddasynda göz öňünde tutulan talaplardan ugur almalydyrlar.

Bilermenler seljermesini bellemek barada kararda (kesgitnamada) onuň bellenmeginiň zerurdygy delillendirilmelidir.

Türkmenistanyň JIÝK-nyň 368-nji maddasyna laýyklykda, kazyýet-bilermenler seljermesini bellemek barada mesele maslahat otagynda çözülmäge degişlidir.

Eger-de kazyýet mejlisinde hünärmeniň beýanaty (maslahaty) iş boýunça goşmaça barlaglaryň geçirilmeginiň zerurlygyny ýüze çykarsa, iş boýunça hünärmeniň maslahatynyň netijesi boýunça kazyýet-bilermenler seljermesi bellenilmäge degişlidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

21. Bilermenler seljermesi diňe güman edilýän, aýyplanýan, kazyýetde işi seredilýän, jebir çeken barada bellenilmän, görkezmeleriniň dogrulygy barada baha bermek üçin şaýat barada hem bellenilip bilner.

Eger-de, kazyýet mejlisinde bilermenler seljermesini bellemekliginiň zerurlygy ýüze çykan halatynda başlyklyk ediji taraplaryň bilermene sowallary ýazmaça görnüşde bermekligi teklip edýär. Berlen sowallar yglan edilmelidir we olar boýunça iş ýöredişe gatnaşyjylaryň pikirleri diňlenilmelidir.

Şoňa görä-de, kazyýetiň kesgitnamasynda (kararynda) bilermeniň öňünde çözülmäge degişli, Türkmenistanyň JIÝK-nyň 289-njy maddasynda göz öňünde tutulan maglumatlardan başga-da, işe gatnaşyjylar tarapyndan teklip edilen haýsy soraglaryň kabul edilmändigi, degişli deliller getirilip görkezilmelidir. Şunda, kazyýetiň iş ýöredişe gatnaşyjylaryň teklip eden soraglarynyň beýan edilişine we sanawyna, şeýle hem bilermeniň öňünde deslapky derňewde goýlan soraglara bagly däldigine hem üns berilmelidir.

Eger-de, işe gatnaşýanlar sowatsyzlygy ýa-da özleriniň fiziki ýa-da psihiki ýetmezçilikleri bilen baglylykda, sowallary ýazmaça görnüşde berip bilmeseler, onda olar soraglaryny dilden aýtmaga haklydyrlar we olaryň soraglary kazyýet mejlisiniň teswirnamasyna girizilýär. Şeýle-de, kazyýetde işi seredilýäne we beýleki işe

gatnaşyjylara degişli kömekleri olaryň adwokatlary ýa-da wekilleri, kanuny wekilleri hem berip bilerler.

Işe gatnaşyjylaryň sowallaryna seredip we taraplaryň olar baradaky pikirlerini diňläp, kazy öz karary, kazyýet bolsa öz kesgitnamasy bilen işe dahyly bolmadyk ýa-da bilermeniň ygtyýarlylygyna girmeýän sowallary aýryp, täze sowallary düzýär.

Bilermen netijenamasy boýunça ýüze çykan sowallary düşündirmek, takyklaşdyrmak we onuň üstüni ýetirmek üçin bilermen kazyýet mejlisinde diňe netijenama yglan edilenden soň sorag edilip bilner.

Kazyýet-bilermenler seljermesi geçirilende iş ýöredişe gatnaşyjylaryň hukuklarynyň goralmagy doly üpjün edilmäge degişlidir. Şoňa görä-de, jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edaranyň rugsat bermegi bilen kazyýet bilermenler seljermesi geçirilende, oňa iş ýöredişe gatnaşyjylaryň gatnaşmaga (bolmaga) haklydyrlar. Bu ýagdaýlar kazyýet bilermeniň netijenamasynda beýan edilmelidir. Şunda kazyýet-bilermenler seljermesiniň oňa gatnaşyjylaryň howpsuzlygynyň üpjün edilen şertlerinde geçirilendigine kazyýetler üns bermelidirler.

Kazyýet-bilermenler seljermesi geçirilende oňa gatnaşyjylaryň janyna we saglygyna howp döredilendigine ýol berlen halatlary ýüze çykarylanda, kazyýetler degişli edaralaryň ýolbaşçylarynyň ünsüni çekmelidirler.

Iş ýöredişe gatnaşyjylaryň kazyýet-bilermenler seljermesi geçirilende gatnaşmaklary (bolmaklary) bilen bagly Türkmenistanyň JIÝK-nyň 291-nji maddasynda göz öňünde tutulan hukuklarynyň üpjün edilendigine üns berilmelidir.

Kazyýet-bilermenler seljermesi geçirilende iş ýöredişe gatnaşyjylaryň barlaglaryň barşyna goşulmaga haky ýokdur, ýöne olar kazyýet-bilermenler seljermesiniň närsesine degişli düşündirişleri berip bilerler.

22. Diri adamlarda kazyýet-bilermenler seljermesiniň geçirilmeginiň meýletin we mejbury ýagdaýda amala aşyrylýandygyna, şunda meýletinlik tertibinde geçirilýän seljermelerde oňa sezewar edilýäniň ýazmaça razylygynyň zerurdygyna, kämillik ýaşyna ýetmedik ýa-da kazyýet tarapyndan kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen adam babatda seljerme geçirilen halatynda ýazmaça razylyk ol adamyň kanuny wekili ýa-da hossarlyk we howandarlyk edaralary tarapyndan berilýändigine, şeýle hem diri adamlara kazyýet bilermenler seljermesiniň mejbury tertipde geçirilmegine diňe Türkmenistanyň kanunlarynda gös-göni göz öňünde tutulan halatlarda ýol berilýändigine kazyýetlere düşündirilmelidir.

Kazyýet-bilermenlik işi bilen meşgul bolýan fiziki şahslara bilermen seljermesini geçirmeklik tabşyrlan halatynda, bilermeniň hünär taýýarlygynyň, hünär derejesiniň, iş tejribesiniň we bu ugurda ýörite ylmy-biliminiň “Kazyýet-bilermenlik işi hakynda” Türkmenistanyň Kanunynda göz öňünde tutulan kazyýet-bilermenine bildirilýän talaplara laýyk gelmelidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

23. Türkmenistanyň JIÝK-nyň 450-nji maddasyna laýyklykda, ikinji basgançakly kazyýete nägilelik tertibinde berlen şikaýat ýa-da getirilen teklipnama bilen gelip gowşan işe seredilen mahalynda taraplaryň haýyşy boýunça nägilelik basgançakly kazyýetiň (iş diňlenmäge taýýarlanylanda-kazynyň) kazyýet-psihiatriýa bilermenler seljermesini bellemäge, şeýle hem eger işde bar bolan maglumatlar boýunça geçirilmegi mümkin bolsa, başga bilermenler seljermesiniň bellenilmegine ýol berilýändigini hem kazyýetlere düşündirmeli.

Iş ýöredişiň bu tapgyrynda geçirilen kazyýet-bilermenler seljermesiniň netijesi birinji basgançakly kazyýetiň kararlarynyň sökülmegine we jenaýat işiniň deslapky derňewe gaýtarylmagyna ýa-da kazyýet mejlisinde täzeden seredilmäge iberilmegine esas bolup biler.

24. "Kazyýet-bilermenlik işi hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 24-nji maddasyna laýyklykda, bilermenler seljermesini geçirmegiň möhleti otuz gije-gündizden köp bolmaly däldir.

Kazyýet bilermenler seljermesini geçirmegiň möhletini uzaltmak kazyýet bilermenler seljermesi edarasynyň ýolbaşçysynyň ýa-da kazyýet bilermenler seljermesi edarasynyň işgäri bolmadyk kazyýet bilermenleriniň (kazyýet bilermenleriniň) delillendirilen haýyşnamasy boýunça kazyýet bilermenler seljermesini bellän edara (wezipeli adam) tarapyndan amala aşyrylýar.

Şoňa görä-de, deslapky derňew we kazyýet edaralary kazyýet-bilermenler seljermesini geçirmegiň möhletiniň berjaý edilmegini gözegçilikde saklamalydyrlar we jenaýat işleriniň süýrenjeňlige salynman derňelmegini we seredilmegini gazanmak maksady bilen, bilermen seljermesini geçirmekliginň barşyndan habarly bolmalydyrlar we möhleti geçirilen bilermenler seljermeleri boýunça degişli edaranyň ýolbaşçylygynyň ýa-da wezipeli adamyň, ýol berlen kemçilikler barada ünslerini çekmelidirler.

Bilermenler seljermesini geçirmegiň möhleti bilermenler seljermesini bellemek hakynda kararyň, kesgitnamanyň we onuň obýektleriniň önümçilige kabul edilen gününden hasaplanýandygyna kazyýetler üns bermelidirler.

25. Bilermen berlen resminamalaryň ýeterlik bolmadyk halatynda onuň seljermäni bellän edaradan goşmaça resminamalary talap edip alyp bilýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

Bilermeniň netijenamasy ýa-da netijenama bermegiň mümkin däldigi barada habarnama düzülenden soň üç gije-gündiziň dowamynda bilermenler seljermesini bellän edara (wezipeli adama) iberilýär.

26. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri etrap kazyýetleri we etrap hukukly şäher kazyýetleri tarapyndan seredilen jenaýat işleri boýunça kazyýet-bilermenler seljermesi bellenilende we geçirlende jenaýat iş ýöredişi kanunçylygynyň dogry berjaý edilişine kazyýet gözegçiligi yzygiderli alnyp barylmalydyr we işler boýunça ýüze çykarylan kemçilikleri aradan aýyrmak maksady bilen zerur çäreler görülmelidir.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy B.Hojamgulyýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy G.Ýegenmämmedowa

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ PLENUMYNYŇ

K A R A R Y № 11

2025-nji ýylyň 18-nji oktýabry Aşgabat şäheri

Türkmenistanyň kazyýetleriniň kazylarynyň kazyýet mejlisinde ýörite geýimi (mantiýany) geýmeginiň we adyl kazyýetliginiň çekijini ulanmagyň Tertiplerini tassyklamak hakynda

"Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň täze beýanynyň 2025-nji ýylyň 1-nji awgustyndan herekete girizilmegi bilen baglylykda, şol Kanunyň 113-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, Türkmenistanyň kazyýetleriniň kazylary adyl kazyýetligi amala aşyranda kazyýet mejlisinde bellenen tertipde ýörite geýimi (mantiýany) geýýändigi we adyl kazyýetliginiň çekijini ulanýandygy baradaky kadalaryny nazara alyp, "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendini, 113-nji maddasynyň 3-nji bölegini gollanyp, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy

K A R A R E D Ý Ä R :

Şulary tassyklamaly (goşulýar):

1) Kazylaryň kazyýet mejlisinde ýörite geýimi (mantiýany) geýmeginiň Tertibini;

2) Kazylaryň kazyýet mejlisinde adyl kazyýetliginiň çekijini ulanmagynyň Tertibini.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy B.Hojamgulyýew

Plenumyň kätibi
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy G.Ýegenmämmedowa

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň
Plenumynyň 2025-nji ýylyň 18-nji

oktýabrynda çykaran 11-nji karary bilen tassyklandy

Kazylaryň kazyýet mejlisinde
ýörite geýimi (mantiýany) geýmeginiň
TERTIBI

1. Kazylaryň ýörite geýimi (mantiýa) (mundan beýläk – ýörite geýim), bu kazylaryň adyl kazyýetligi amala aşyrylanda geýilýän resmi nyşanydyr.

Ýörite geýimiň adyl kazyýetligiň amala aşyrylmagynda kazyýet mejlisleriniň geçirilmeginiň medeniýetini has-da ýokarlandyrmagyň, kanunylygy hem-de hukuk tertibini pugtalandyrmak işinde kazylaryň jogapkärçiligini güýçlendirmegiň, döwletiň, jemgyýetiň we her bir şahsyň adyl kazyýetlige ynamyny ýokarlandyrmagyň ruhy-aň serişdesi hökmünde çykyş edýändigi her bir kazynyň hemişe üns merkezinde bolmalydyr.

2. Kazylar adyl kazyýetligi amala aşyranda kazyýet mejlisinde ýörite geýimi geýmelidirler.

Ilkinji gezek kazy wezipesine bellenen kazylara ýörite geýim Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumynyň mejlisinde Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň öňünde dabaraly ýagdaýda gowşurylýar we şol ýerde kazynyň kasamy ýörite geýimde kabul edilýär.

Şeýle-de, "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji we 45-nji maddalaryna laýyklykda, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumynyň we Prezidiumynyň adyl kazyýetligiň amala aşyrylmagy, Plenumyň kazyýetlere Türkmenistanyň kanunçylygyny ulanmak boýunça ugrukdyryjy düşündirişleri bermegi ýa-da şol düzümleriň geljekde adyl kazyýetligiň amala aşyrylmagyna täsirini ýetirip biljek meseleler bilen bagly mejlislerinde ýörite geýim geýilýär.

Türkmenistanyň kazylarynyň maslahatynda bu barada deslapdan oňa gatnaşyjylaryň dykgatyna ýetirilen ýagdaýynda, kazylar ýörite geýim geýýärler.

3. "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 52-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, kazyýet oturdaşlarynyň adyl kazyýetlik amala aşyrylanda kazynyň ähli hukuklaryndan peýdalanýandygy bilen baglylykda, kazyýet oturdaşlary hem adyl kazyýetligi amala aşyranda kazyýet mejlisinde ýörite geýimi geýmelidirler.

4. Ýörite geýim şu Tertibe laýyklykda geýilýär. Ýörite geýim Kazylaryň ýörite geýiminiň Teswirinde bellenilen tertibe laýyk gelip, ykjam we birkemsiz ýagdaýda saklanmalydyr.

5. Ýörite geýim ýylyň bütin dowamynda geýmek üçin niýetlenen bolmalydyr.

6. Ýörite geýim geýlende aşakda görkezilen aýry-aýry talaplara pugta üns berilmeli:

Ýörite geýim, onuň öňüni ýapmak üçin niýetlenen dik ýakanyň aşak ýanynda ýörite geýimiň iç ýüzünde metaldan ýasalan birikdiriji ildirilip geýilýär.

Tomus aýlary howanyň temperaturasy +30 gradus we şondan ýokary bolanda, ýörite geýim (mantiýa) geýlende, onuň dik ýakasynyň aşak ýanynda ýörite geýimiň iç ýüzünde metaldan ýasalan birikdiriji ildirilmän geýilmegine rugsat berilýär.

Ýörite geýim bellenen nusgada arassa, tämiz, ykjam we ütüklenen bolmalydyr. Reňki solan we durky bozulan, ütüklenmedik ýörite geýimi geýmäge rugsat edilmeýär.

Erkek kazylaryň ýörite geýimiň içinden geýýän köýnekleri ýakaly we açyk reňkde bolup, galstuk dakylmaly.

Zenan kazylaryň ýörite geýimiň içinden geýýän köýnekleri topuga ýetirilen biçüwde bolmaly. Gysga ýa-da aşagy dilinen köýnekleri geýmäge rugsat edilmeýär.

Aýakgap – köwüş gara reňkli, abat we arassa ýagdaýda bolmalydyr we jorap bilen geýilmelidir.

7. Ýörite geýimi şu Tertipde bellenenlerden başga ýagdaýlarda geýmeklige we bermeklige ýol berilmeýär. Muňa ýörite geýimiň sowgatlyk hökmünde ýadygärlik saklamak üçin berilýän ýagdaýlary degişli däldir.

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň
Plenumynyň 2025-nji ýylyň 18-nji

oktýabrynda çykaran 11-nji karary bilen tassyklandy

Kazylaryň kazyýet mejlisinde adyl kazyýetliginiň çekijini ulanmagynyň TERTIBI

Adyl kazyýetliginiň çekiji (mundan beýläk – çekiç), Türkmenistanyň ähli kazyýetlerinde, kazyýet mejlislerinde adyl kazyýetliginiň ygtyýarlygyny, kazyýetiň abraýyny, kazyýet mejlislerinde iş ýörediş tertibiniň üpjün edilmegini we kazyýet kararlarynyň kabul edilmegini alamatlandyrylýan resmi nyşan hökmünde ulanylmalydyr.

Çekiç kazyýet mejlisinde diňe başlyklyk ediji kazy tarapyndan birinji basgançakly kazyýetde, nägilelik we gözegçilik tertibinde, şeýle hem täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça kazyýet işlerine seredilende şu aşakdaky ýagdaýlarda ulanylmalydyr:

1) kazyýet mejlisi açyk diýlip yglan edilende;
2) kazyýet mejlisinde arakesme yglan edilende;
3) kazyýet mejlisinde tertibi ýola goýmakda;
4) kazyýet maslahat otagyna gidende;
5) kazyýet mejlisi ýapyk diýlip yglan edilende.

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumynyň mejlislerinde adyl kazyýetliginiň çekiji onuň mejlisleri açyk we ýapyk diýlip yglan edilende başlyklyk ediji tarapyndan ulanylýar.

Çekiç kazyýet mejlisiniň dowamynda başlyklyk edijiniň kazyýet mejlisinde işini alyp barýan ýerinde çekijiň urulýan enjamynda durmalydyr we ýokarda görkezilen ýagdaýlarda, kazy oturan ýerinde iş ýörediş hereketine baglylykda, çekiji çekijiň urulýan enjamyna urmalydyr.

Çekiji şu Tertipde bellenenlerden başga ýagdaýlarda ulanmaklyga we bermeklige ýol berilmeýär. Muňa çekijiň sowgatlyk hökmünde ýadygärlik saklamak üçin berilýän ýagdaýlary degişli däldir.

Kazylar çekijiň abat ýagdaýda (arassa, içki we daşky görnüşine zeper ýetmedik ýagdaýda) we daşky gelşiginiň saklanylmagyny hem-de kazyýet mejlishanasyna işe seretmäge girilmeginden ozal degişli ýerde ýerleşdirilendigine göz ýetirmelidirler.

Kazyýet mejlisinde ulanylýan ýagdaýlardan başga halatlarda, çekiç diňe kazynyň we degişli kazyýet işgäriniň elýeterliligi bolan ýerlerde saklanylmalydyr.

Çekijiň başga ýerlerde goýulmagy ýa-da başga şahsa berilmegi diňe onuň çalşyrylmagy, bejerilmegi ýa-da başga hyzmat edilmegi bilen bagly ýagdaýlarda ýol berilýär.

Çekijiň abatlygyny we daşky gelşigini saklamak boýunça hyzmat ediş işlerini geçirmek kazynyň tabşyrmagy esasynda azyndan üç aýda bir gezek degişli kazyýetiň iş birliginden geçýän hyzmat ediş işgäri tarapyndan amala aşyrylmalydyr.

Çekijiň abat saklanylmagyna gözegçilik etmek jogapkärçiligini kazyýetiň ýolbaşçysy we şol çekiji ulanýan kazy çekýär.

Çekiç ýitirilen ýa-da zaýalanan halatynda kanunçylykda bellenen tertipde hasapdan aýyrmak boýunça işler geçirilmelidir.

2026-njy ýylyň 25-nji iýuly Aşgabat şäheri

Gözegçilik basgançakly kazyýetde kazyýet kararlaryna gaýtadan seredilende, iş ýörediş kanunçylygynyň ulanylyşynyň kazyýet iş tejribesi hakynda

Türkmenistanyň jenaýat iş ýörediş kanunçylygynyň jenaýat işlerine kazyýet gözegçiligi tertibinde seredilmegini düzgünleşdirýän kadalarynyň kazyýet iş tejribesinde dogry we birmeňzeş ulanylmagyny üpjün etmek maksady bilen, şeýle hem kazyýetlerde jenaýat işlerine gözegçilik tertibinde seredilende ýüze çykan soraglar bilen baglylykda, "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy

K A R A R E D Ý Ä R:

1. Jenaýat işlerine gözegçilik tertibinde seredilende, kazyýetiň hökümleriniň, kesgitnamalarynyň ýa-da kararlarynyň kanunylygyna we esaslylygyna aýratyn üns berlip seredilmelidigine we olaryň sökülmegine ýa-da üýtgedilmegine getirýän ýagdaýlar anyklanan halatynda, kazyýetiň şol ýalňyşlyklarynyň düzedilmegi üçin degişli çäreleriň görülmelidigine, şonuň bilen birlikde, kanuny we esasly kazyýet çözgütleriniň sökülmegine ýa-da üýtgedilmegine bolsa ýol berilmeli däldigine gözegçilik basgançakly kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

2. Kazyýetiň kanuny güýje giren hökümleri, kesgitnamalary ýa-da kararlary barada gözegçilik tertibinde garşylyknama getirmeklige, netijenama we teklipnama bermeklige, şeýle hem şikaýat etmeklige ygtyýarly işe gatnaşyjylar, degişli prokurorlar we kazyýetleriň ýolbaşçylary barada Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň (mundan beýläk Türkmenistanyň JIÝK-nyň) 485-nji maddasynda görkezilendir. Oňa laýyklykda, welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher prokurorlary teklipnamany; welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleriniň başlyklary netijenamany; iş kesilenler we olaryň adwokatlary bolsa şikaýaty – etrap, etrap hukukly şäher kazysynyň we kazyýetleriniň hökümleri, kesgitnamalary we kararlary welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleriniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasynyň kesgitnamalary barada bermäge haklydyrlar.

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Başlygynyň we Türkmenistanyň Baş prokurorynyň – Türkmenistanyň ähli kazyýetleriniň hökümleri, kesgitnamalary ýa-da kararlary, şol sanda Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumynyň we Plenumynyň kararlary barada, olaryň orunbasarlary bolsa, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumynyň we Plenumynyň kararlaryndan başga, Türkmenistanyň ähli kazyýetleriniň hökümleri, kesgitnamalary ýa-da kararlary barada gözegçilik tertibinde garşylyknama getirmäge bolan hukuklary Türkmenistanyň JIÝK-nyň degişli maddalary bilen düzgünleşdirilýändigine üns berilmelidir.

Eger-de ygtyýarlygy bolmadyk wezipeli adam tarapyndan gözegçilik basgançakly kazyýete garşylyknama ýa-da teklipnama getirilen bolsa ol düýp manysy boýunça seredilmezden yzyna gaýtarylmaga degişlidir, şeýle-de ol ýalňyşlyk bilen gözegçilik basgançakly kazyýetde seredilen bolsa, onda iş ýörediş kadasynyň düýpli bozulandygy sebäpli, ýokarda duryan kazyýet basgançagy tarapyndan degişli kazyýet karary sökülmäge degişlidir.

Şunda Türkmenistanyň JIÝK-nyň 485-nji maddasynyň 3-nji böleginde görkezilmedik adamlaryň (mysal üçin: jebir çekeniň, raýat hak isleýjiniň ýa-da raýat jogap berijiniň we başgalaryň) gözegçilik tertibindäki şikaýatlaryna teklipnama we netijenama getirmäge ygtyýarly adamlar tarapyndan seredilip bilinýändigine hem gözegçilik basgançakly kazyýetler üns bermelidirler.

3. Türkmenistanyň JIÝK-nyň 485-nji maddasynda görkezilen tertipde netijenama, teklipnama ýa-da garşylyknama getirmeklige ygtyýarly edilen kazyýetiň we prokuraturanyň degişli wezipeli adamlary kanuny güýjüne giren höküm, kesgitnama ýa-da karar kabul edilende ýol berlen ýalňyşlyklar we kanun bozulma baradaky gözegçilik şikaýatda beýan edilen delillere aýratyn üns berip seretmelidirler.

Eger-de kazyýetiň hökümleriniň, kesgitnamalarynyň ýa-da kararlarynyň kanunylygyna ýa-da olaryň esaslydygyna şübhelenmäge esas bar bolsa ýa-da kazyýetiň hökümleriniň, kesgitnamalarynyň ýa-da kararlarynyň kanunyň talaby bozulyp kabul edilendigi baradaky şikaýatda görkezilen deliller kazyýet kararlarynda ýalana çykarylmadyk bolsa, onda gözegçilik şikaýatlar bellenilen tertipde jenaýat işi talap edip alnyp öwrenilmelidir.

Gözegçilik şikaýaty gelip gowşandan soňra, kazyýetiň kanuny güýje giren hökümleri, kesgitnamalary ýa-da kararlary barada garşylyknama getirmek, şonuň ýaly-da, netijenama we teklipnama bermek hakyndaky meseläni çözmek üçin, gözegçilik şikaýaty öwrenýän kazyýetiň we prokuraturanyň degişli ygtyýarly adamlary, öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde degişli ýolbaşçynyň resmi hat ýollamagy bilen jenaýat işini talap edip almaga haklydyr.

Işi talap edip alyp öwrenen, ýöne iş boýunça garşylyknama getirmek üçin esas tapmadyk gözegçilik şikaýaty öwrenýän ygtyýarly adam gözegçilik önümçiligi delillendiren karary bilen ýatyrýar we iş kimiň şikaýaty boýunça barlamak üçin talap edilip alnan bolsa, bu hakda şol adama, edara, kärhana ýa-da gurama habar berýär, onda garşylyknama getirmekden ýüz döndermeginiň delillerini görkezýär we iş haýsy kazyýetden talap edilip alnan bolsa, ony şol kazyýete gaýtaryp berýär.

Şunda "ygtyýarly adam gözegçilik önümçiligi delillendiren karary bilen ýatyrýar" diýlende, gözegçilik şikaýaty esasynda işi talap edip alan we gözegçilik şikaýaty öwrenýän ygtyýarly adam, işi gözegçilik şikaýatda getirilen deliller bilen bilelikde doly öwrenýär we bu barada degişli ýolbaşçynyň dykgatyna ýetirmek bilen beýan edýär, şondan soňra gözegçilik şikaýaty boýunça kazyýet kararyna gözegçilik tertibinde garşylyknama ýa-da teklipnama getirmeklik üçin esas ýok diýip hasap eden ýagdaýynda, gözegçilik şikaýaty esasynda gözegçilik önümçiligi ýatyrmak hakynda karar çykarýar. Kararda gözegçilik şikaýatda getirilen delilleri inkär edýän we işiň dogry çözülendigi, hökümiň, kesgitnamanyň, kararyň adalatly, kanuny we esaslydygy baradaky deliller beýan edilýär we karar ýolbaşçy

tarapyndan tassyklanylýar we gözegçilik önümçiligine goşulýar hem-de jenaýat işi degişli kazyýete resmi hat bilen gaýtarylyp berilýär.

Eger-de gözegçilik şikaýatynda getirilen deliller bilen razylaşylan ýagdaýynda, onda degişli kazyýet basgançagyna garşylyknama, netijenama ýa-da teklipnama getirmek baradaky mesele çözülýär.

Welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetlerinde gözegçilik şikaýaty ýa-da teklipnama öwrenilip, kanagatlandyrylman galdyrylanda bolsa, şol kazyýetiň kazysynyň, kazyýetiň başlygy tarapyndan tassyklanylan, gözegçilik önümçiligini gozgamakdan ýüz döndermek hakyndaky karary ýa-da kazyýetiň başlygynyň bu baradaky netijenamasy kabul edilmelidir.

Gözegçilik şikaýaty ýa-da teklipnamany kanagatlandyrmakdan ýüz döndermek baradaky karar (netijenama) kabul edilende, onda kazyýet kararlarynyň kanuny, esasly we adalatly däldigi barada getirilýän delilleriň näme sebäpden we haýsy esasda kabul edilmändigi we düýpli hasaplanmandygy barada delillendirilip görkezilmelidir.

Eger-de gözegçilik şikaýaty boýunça önümçilik karar bilen bes edilen halatynda gaýtadan gelen gözegçilik şikaýaty öwrenilip, eger-de iş boýunça garşylyknama (teklipnama) getirmeklige esas ýok diýip hasap edilen mahalynda, gaýtadan önümçiligi bes etmek hakynda karar kabul edilmeýär we ýazmaça jogap bermek bilen çäklenilýär.

Gaýtadan berlen goşmaça subutnamalaryň jemliginde gözegçilik şikaýaty öwrenilip, iş boýunça garşylyknama (teklipnama) getirmeklik maksadalaýyk hasap edilen halatynda, ilkibaşdaky gözegçilik önümçiligi bes etmek hakyndaky karary sökmekligiň zerurlygy ýokdur.

4. Welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleriniň kazysynyň, şikaýat ýa-da teklipnama boýunça gözegçilik önümçiligi gozgamakdan we işi kazyýetiň prezidiumyna bermekden ýüz döndermek baradaky, şol kazyýetleriň başlyklary tarapyndan tassyklanylan karary ýa-da degişli kazyýetiň başlygynyň bu baradaky netijenamasy, şikaýaty ýa-da teklipnamasy kanagatlandyrylman galdyrylan adamlar tarapyndan närazylyk bildirilen halatynda, bu barada ýokarda durýan gözegçilik basgançakly kazyýete şikaýat bildirilip bilner. Teklipnamasy boýunça gözegçilik önümçiligi gozgalmadyk welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher prokurory bolsa ýokarda durýan prokuratura, degişli gözegçilik basgançakly kazyýete garşylyknama getirmek meselesini çözmek barada teklip bilen ýüz tutmaga haklydyr.

5. Türkmenistanyň JIÝK-nyň 485-nji maddasyna laýyklykda, gözegçilik tertibinde garşylyknama Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň hem-de welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleriniň degişli kazyýet basgançagyna getirilip bilner.

Gözegçilik basgançakly kazyýetlerde önümçilik Türkmenistanyň JIÝK-nyň 489-njy maddasynyň 1-nji böleginde kesgitlenen tertibe laýyklykda alnyp barylmaly. Oňa laýyklykda, gözegçilik tertibinde berlen şikaýatlara ilki aşakdaky gözegçilik basgançakly kazyýetlerde seredilýär.

Türkmenistanyň JIÝK-nyň 485-nji maddasynyň 3-nji böleginde we 489-njy maddasynyň 1-nji böleginiň 1-nji bendinde göz öňünde tutulan kadalara laýyklykda,

welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher prokurorlary teklipnamany, welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleriniň başlyklary netijenamany, iş kesilenler we olaryň adwokatlary şikaýaty; etrap, etrap hukukly şäher kazysynyň we kazyýetleriniň hökümleri, kesgitnamalary we kararlary, welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleriniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasynyň nägilelik tertibindäki kesgitnamalary barada şol kazyýetleriň prezidiumyna bermäge haklydyrlar. Şunda bu kazyýetleriň gözegçilik basgançagynda şikaýata ýa-da teklipnama seredilmeginiň iki tapgyrynyň kanunda göz öňünde tutulandygyna, ýagny ilki gözegçilik şikaýat ýa-da teklipnama degişli kazy tarapyndan öwrenilip, olar boýunça kazy tarapyndan, kazyýetiň başlygy tarapyndan tassyklanylan, gözegçilik önümçiligini gozgamak we olary jenaýat işi bilen seretmek üçin degişli kazyýetiň prezidiumyna bermek barada kararyň çykarylmalydygyna ýa-da bu barada şol kazyýetiň başlygy netijenama getirmelidigine, diňe şondan soň jenaýat işi, berlen şikaýat ýa-da teklipnama bilen welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleriniň prezidiumynda seredilip bilinýändigine aýratyn üns berilmelidir.

Şunuň bilen baglylykda, gözegçilik tertibinde kazyýet kararlaryna Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň başlygy we onuň orunbasarlary, şeýle hem Türkmenistanyň Baş prokurory we onuň orunbasarlary tarapyndan getirilen garşylyknamalaryň degişli welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetiniň prezidiumynda seredilmegi üçin, olar boýunça gözegçilik önümçiligini gozgamak we olary kazyýetiň prezidiumyna seretmek üçin bermek hakynda welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetiniň kazysynyň, kazyýetiň başlygy tarapyndan tassyklanylan kararynyň kabul edilmeginiň ýa-da kazyýetiň başlygynyň netijenamasynyň getirilmeginiň kanunda göz öňünde tutulmandygyny we ýokarda agzalan wezipeli adamlar tarapyndan şol kazyýetleriň prezidiumyna getirilen garşylyknamalaryň gönüden-göni şol kazyýetleriň prezidiumynyň önümçiligine kabul edilip, bellenen tertipde seredilmäge degişlidigini gözegçilik basgançakly kazyýetlere düşündirmeli.

6. Eger-de, welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetlerinde gözegçilik önümçiligi iş kesileniň ýa-da başga bir işe gatnaşyjynyň şikaýaty ýa-da teklipnama esasynda gozgalyp, ol işiň gözegçilik tertibinde seredilmegi üçin welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetiniň prezidiumyna geçirilenden soň, onuň goşmaça şikaýaty, şeýle hem şol bir ýa-da başga bir esasda bildirilen beýleki işe gatnaşyjylaryň şikaýatlary ýa-da degişli prokuroryň teklipnamasy (mysal üçin, şol bir iş boýunça beýleki iş kesileniň ýa-da onuň adwokatynyň, jebir çekeniň we onuň wekiliniň şikaýatlary ýa-da prokuroryň teklipnamasy) gelip gowşan bolsa, onda olar boýunça kazynyň, kazyýetiň başlygy tarapyndan tassyklanylan, gözegçilik önümçiligi gozgamak we işi kazyýetiň prezidiumyna seredilmegi üçin bermek barada goşmaça kararynyň kabul edilmegi ýa-da degişli kazyýetiň başlygynyň goşmaça netijenamasynyň berilmegi talap edilmeýär we soňky gelen şikaýatlar ýa-da teklipnama öňki gelip gowşan, kazyýetiň prezidiumyna berlen şikaýatlar ýa-da teklipnamalar bilen bilelikde seredilmegi üçin kazyýetiň prezidiumyna geçirilýär. Türkmenistanyň JIÝK-nyň 490-njy maddasynyň 3-nji böleginde göz öňünde tutulan kadalardan ugur alnyp, bu goşmaça şikaýatlara

ýa-da teklipnamalara hem, bähbitlerine degýän adamlara öňünden habar bermek bilen, kazyýetiň prezidiumynda gözegçilik tertibinde seredilip bilner.

7. Gözegçilik tertibinde şikaýaty ýa-da teklipnamasy öwrenilip, kanagatlandyrylman galdyrylan adamlaryň, kazyýet kararlaryndan nägile bolup, gözegçilik tertibinde gaýtadan ýazan ýüzlenmelerine seredilip, olary kanagatlandyrmaga esas tapylmadyk halatynda, Türkmenistanyň JIÝK-nyň 485-nji maddasynda görkezilen ygtyýarly wezipeli adamlaryň, degişlilikde, şikaýatyň ýa-da teklipnamanyň kanagatlandyrylman galdyrylandygy barada ýazmaça hat üsti bilen habar bermegi ýeterlikdir, bu barada, Türkmenistanyň JIÝK-nyň 488-nji maddasynyň 4-nji böleginde göz öňünde tutulan tertibiň berjaý edilmegi, ýagny şikaýat ýa-da teklipnama boýunça gaýtadan gözegçilik önümçiligini gozgamakdan ýüz döndermek hakynda kararyň kabul edilmegi talap edilmeýär.

Haçan-da öň gözegçilik şikaýaty ýa-da teklipnamasy şol bir iş boýunça, şol bir gözegçilik basgançakly kazyýete şol bir adam (iş kesilen) barada, şol bir delil bilen berlen bolup, olar kanagatlandyrylman galdyrylan bolsa, gözegçilik şikaýat ýa-da teklipnama gaýtadan gelen hasap edilýär.

8. Türkmenistanyň JIÝK-nyň 487-nji maddasyna laýyklykda, jezanyň ýeňildigi üçin, iş kesilen adam barada has agyr jenaýat hakyndaky kanuny ulanmagyň zerurdygy sebäpli, şeýle hem iş kesileniň ýagdaýynyň ýaramazlaşmagyna getirýän başga esaslar boýunça kazynyň ýa-da kazyýetiň aýyplaw hökümine ýa-da kesgitnamasyna, kararyna, şeýle hem kazynyň ýa-da kazyýetiň aklaw hökümine ýa-da işi ýatyrmak hakyndaky kararyna ýa-da kesgitnamasyna gözegçilik tertibinde gaýtadan seredilmegine, şol kazyýetiň hökümleri, kesgitnamalary ýa-da kararlary kanuny güýje girenden soňra, diňe bir ýylyň dowamynda ýol berilýändigine üns berilmelidir.

Şol bir ýyl möhletiň kazyýet kararlarynyň kanuny güýje giren gününden başlanyp, gözegçilik basgançakly kazyýetiň hökümleriniň, kesgitnamalarynyň ýa-da kararlarynyň kabul edilen gününi hasaba almak bilen tamamlanýandygyny hem gözegçilik basgançakly kazyýetlere düşündirmeli.

9. Kazynyň birinji, ikinji we gözegçilik basgançakly kazyýetlerde işlere seredilende gatnaşmagynyň tertibi baradaky mesele çözülende Türkmenistanyň JIÝK-nyň 103-nji maddasynyň 3-nji we 4-nji bölüklerinde, 489-njy maddasynyň 2-nji böleginde göz öňünde tutulan talaplardan ugur almalydygyna kazyýetler üns bermelidirler.

10. Gözegçilik basgançakly kazyýetlerde jenaýat işine seretmegiň möhletleri we tertibi Türkmenistanyň JIÝK-nyň 490-njy maddasynda göz öňünde tutulan kadalarda kesgitlenendir. Oňa laýyklykda, gözegçilik tertibinde işe seredilende, welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetiniň prezidiumynyň mejlisine, degişlilikde, welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher prokurory ýa-da onuň orunbasary, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumynyň mejlisine Türkmenistanyň Baş prokurory ýa-da onuň orunbasary, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasynyň mejlisine bolsa Türkmenistanyň Baş prokurorynyň ygtyýarlandyrylan prokurory gatnaşýarlar. Türkmenistanyň Baş prokurory Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumynyň mejlisiniň maslahatyna gatnaşmaga borçludyr. Şoňa görä-de, işe

gözegçilik tertibinde seredilende, degişli prokuror işiň serediljek wagty we ýeri barada öz wagtynda habarly edilmelidir. Beýleki işe gatnaşyjylaryň gözegçilik basgançakly kazyýetiň mejlisine esasly sebäp bolmazdan gelmezlikleri işiň gözegçilik tertibinde seredilmegine päsgelçilik bolup bilmez.

11. Türkmenistanyň JIÝK-nyň 485-nji maddasynyň 4-nji bölegine laýyklykda, gözegçilik tertibinde garşylyknama getiren, netijenama we teklipnama beren, şikaýat eden degişli adam gözegçilik basgançakly kazyýet mejlisinde seredilip başlanmazyndan öň ony yzyna almaga haklydyr. Şeýle hem Türkmenistanyň Baş prokurory we Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Başlygy özleriniň orunbasarlary tarapyndan getirilen garşylyknamany yzyna alyp bilerler.

Garşylyknamanyň, teklipnamanyň ýa-da şikaýatyň yzyna alynmazlygy olary beren adamlaryň gözegçilik tertibinde işe seredilişiniň barşynda garşylyknamada, teklipnamada ýa-da şikaýatda görkezilenlerden başga pikiri aýtmaklaryna päsgelçilik bermeýär we ol aýdylan pikirler hem gözegçilik basgançakly kazyýet tarapyndan iş boýunça karar (kesgitnama) kabul edilende göz öňünde tutulyp bilner.

12. Işe gözegçilik tertibinde seredilýän mahalynda, aşakdaky kazyýetleriň çözgütleri (hökümi, kesgitnamasy, karary) Türkmenistanyň JIÝK-nyň 454-nji maddasynda (ýagny ikinji basgançakly kazyýetde işe seredilendäki ýaly) görkezilen esaslar boýunça sökülip ýa-da üýtgedilip bilner (Türkmenistanyň JIÝK-nyň 492-nji maddasy) we kazyýetiň işe gözegçilik tertibinde seredilende çykarylýan kesgitnamalarynyň we kararlarynyň sanawy Türkmenistanyň JIÝK-nyň 493-nji maddasynda görkezilendir.

Gözegçilik tertibinde işe seredilende kabul edilen kesgitnamalaryň ýa-da kararlaryň mazmunyna, şol sanda olaryň delillendirilişine hem aýratyn üns berilmelidir we bu mesele çözülende, Türkmenistanyň JIÝK-nyň 464-nji maddasynda göz öňünde tutulan kadalardan ugur alynmalydyr (Türkmenistanyň JIÝK-nyň 494-nji maddasy).

Gözegçilik basgançakly kazyýetiň kesgitnamasynda (kararynda) iş kesileniň (aklananyň ýa-da özi barada iş önümçilikden ýatyrylanyň) ýagdaýyny agyrlaşdyrýan ýa-da başga hili ýaramazlaşdyrýan ýagdaýlara we subutnamalara salgylanylmagyna we olaryň esasynda netijä gelinmegine, eger-de bu esaslar boýunça kazyýet çözgütleriniň sökülmegi barada mesele jebir çekeniň şikaýatynda, getirilen garşylyknamada, teklipnamada ýa-da degişli kazyýetiň başlygynyň netijenamasynda goýulmaýan bolsa, ýol berilmeýär.

13. Işe gözegçilik tertibinde seredilen mahalynda, iş doly möçberde barlanylmalydyr we iş bilen bagly ähli ýagdaýlar, şol sanda iş kesilenleriň günälilik derejesi, olaryň hereketleriniň maddalaşdyrylyşy, bellenilen jeza çäresiniň işiň hakyky ýagdaýlaryna gabat gelip, gelmeýänligi we beýleki ýagdaýlaryň ählisi barlanylmaga we baha berilmäge degişlidir. Şunda beýleki iş kesilenler barada ýeňilleşdirýän ýagdaýlar ýüze çykan halatynda iş boýunça diňe bir adam barada garşylyknama ýa-da teklipnama getirilendigine garamazdan, ähli iş kesilenler barada seredilmäge degişlidir.

Gözegçilik basgançakly kazyýet, iş kesilen adam barada bellenen jezany ýeňilleşdirip ýa-da has ýeňil jenaýat hakyndaky kanuny ulanyp biler, emma onuň bu

jezany güýçlendirmäge (agyrlaşdyrmaga), şonuň ýaly-da, has agyr jenaýat hakyndaky kanuny ulanmaga haky ýokdur.

Bir jenaýat işi boýunça kazyýetde işi seredilýän birnäçe adama iş kesilen ýa-da olar aklanan halatynda, eger hökümiň, kesgitnamanyň ýa-da kararyň sökülmegi özleri barada garşylyknama getirilmedik aklanan ýa-da iş kesilen adamlaryň ýagdaýyny ýaramazlaşdyrýan bolsa, kazyýetiň bular barada hökümi, kesgitnamany ýa-da karary sökmäge haky ýokdur (Türkmenistanyň JIÝK-nyň 491-nji maddasy).

14. Eger-de birinji basgançakly kazyýet tarapyndan iş kesilene hökümleriň umumy jemi boýunça jezalary gurşap aldyrmak ýörelgesine eýerilip ýa-da çekilip gutarylmadyk jezany soňky höküm boýunça bellenen jeza goşup bolmandygy sebäpli, gutarnykly jeza ýalňyş kesgitlenen bolsa, onda gözegçilik basgançakly kazyýet iş kesilen barada soňky hökümi üýtgedende, oňa bellenen gutarnykly jezany öňki bellenen jezadan ýokarlandyrmazlyk şertinde, kazyýetiň hökümini we soňky çykarylan kazyýet kararlaryny üýtgedip, oňa hökümleriň jemi boýunça bellenilen jezalary goşmak ýörelgesine eýerip, gutarnykly jezany kesgitläp biler.

Birinji basgançakly kazyýet tarapyndan iş kesilen barada jenaýatlaryň umumy jemi boýunça jezalary gurşap aldyrmak ýörelgesine eýerilip, gutarnykly jeza ýalňyş kesgitlenen bolsa, gözegçilik basgançakly kazyýet, eger-de munuň özi iş kesilene bellenen öňki jezany agyrlaşdyrmaýan bolsa, iş boýunça çykarylan kazyýet çözgütlerini üýtgedip, jezalary goşmak ýörelgesine geçip, jenaýatlaryň jemi boýunça iş kesilen barada gutarnykly jezany kesgitlemäge haklydyr.

15. Gözegçilik basgançakly kazyýet, iş boýunça bu barada goşmaça subutnamalaryň ýygnanylmagyny ýa-da barlanylmagyny talap etmeýän, işiň ýagdaýlary bilen doly we dogry anyklanyp, diňe maddy hukuk kadasy ulanylanda ýalňyşlyga ýol berilmegi bilen bagly bolan halatynda, höküminiň raýat hak islegi baradaky bölegini nädogry hasaplap, onuň şol bölegine degişli üýtgetme girizmäge ýa-da ol boýunça täze çözgüt çykarmaga haklydyr.

Eger-de iş kesilenden alynmaga degişli zyýanyň möçberi onuň jenaýatçylykly hereketleriniň maddalaşdyrylmagyna täsirini ýetirip, zyýanyň möçberiniň täzeden kesgitlenmegi iş kesileniň ýagdaýynyň agyrlaşmagyna getirýän bolsa, onda kazyýetiň höküminiň, kesgitnamasynyň ýa-da kararynyň sökülmegine we işiň täzeden seredilmäge iberilmegine ýa-da deslapky derňewe gaýtarylmagyna diňe iş boýunça şol esaslarda degişli garşylyknamanyň, teklipnamanyň ýa-da netijenamanyň getirilen halatynda ýol berilýändigine hem üns berilmelidir.

Aýratyn ýagdaýlarda, Türkmenistanyň JIÝK-nyň 428-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, ýagny işi seljermegi gaýra goýmazdan ýa-da goşmaça maglumatlary almazdan, raýat hak isleginiň möçberi barada jikme-jik hasaplaşyk geçirmek mümkin bolmadyk halatynda we zyýanyň möçberi etmişli hereketleriň maddalaşdyrylyşyna, jeza çäresiniň görnüşiniň, möhletiniň seçilip alnyşyna täsir etmeýän bolsa, onda gözegçilik basgançakly kazyýet kazyýetiň hökümini we iş boýunça çykarylan soňky kazyýet çözgütlerini raýat hak islegi bölegi boýunça sökýär we hak isleýjä bu mesele boýunça raýat kazyýet önümçiligi tertibinde ýüz tutmaga hukugynyň bardygyny düşündirýär.

16. Eger-de gözegçilik şikaýatyň, teklipnamanyň ýa-da garşylyknamanyň delillerini tassyklap, işe täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça önümçilik tertibinde seredilmäge degişli bolmasa, gözegçilik tertibinde jenaýat işine seredilende, işe gatnaşyjylar tarapyndan goşmaça berlen resminamalar kabul edilip, ulanylyp bilner.

Işe gözegçilik tertibinde seredilende berlen goşmaça resminamalara jenaýat işdäki beýleki subutnamalaryň jemi boýunça baha berilmelidir we olar diňe iş boýunça öňki çykarylan hökümi, kesgitnamany ýa-da karary sökmek we işi deslapky derňewe gaýtarmak ýa-da täzeden birinji ýa-da ikinji basgançakly kazyýetde seretmek üçin ibermek baradaky çözgüde esas edilip alnyp bilner.

Kazyýetiň jenaýat işi boýunça çykarylan höküminiň, nägilelik we gözegçilik basgançakly kazyýetleriň degişlilikde kesgitnamalary, kararlary goşmaça berlen resminamalaryň esasynda üýtgedilmegine ýa-da kazyýetiň höküminiň, kesgitnamasynyň ýa-da kararynyň sökülip, iş boýunça önümçiligiň ýatyrylmagyna olarda görkezilen faktlaryň dogrudygy şübhe döretmän, olar birinji basgançakly kazyýetde barlanmagyny talap etmeýän bolsa ýol berilýär (mysal üçin, iş kesileniň jenaýat jogapkärçiligine çekilmegi üçin, degişli ýaşa ýetmändigini tassyklaýan resminama ýa-da oňa öňki höküm boýunça bellenen jezanyň azaldylandygyny ýa-da onuň günä geçme ýa-da rehim etme namasy esasynda jeza çekmekden boşadylandygyny tassyklaýan resminamalar, iş kesilenlik aýybynyň aýrylandygyny tassyklaýan resminama, gaýtadan iş kesilendigi barada kazyýetiň birinji höküminiň sökülendigi ýa-da üýtgedilendigi barada resminamalar we başgalar).

17. Gözegçilik basgançakly kazyýetler, aşaky basgançakly kazyýetleriň kazyýet çözgütleriniň kanuny bolmagyny üpjün etmek maksady bilen, kazyýet gözegçiligini güýçlendirmelidirler we kazyýet ýalňyşlyklarynyň öz wagtynda düzedilmegi üçin, kanunda bellenen çäreleri görmelidirler, şeýle-de, kazyýetleriň hökümini we ondan soňky kabul edilen kazyýet çözgütlerini, deslapky derňewde ýa-da kazyýetde işe seredilende, kanunyň düýpli bozulmalaryna ýol berlendigi sebäpli sökenlerinde, zerur bolan ýagdaýynda Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 434-nji maddasynyň kadalaryndan ugur alyp, ýol berlen şol kanun bozulmalara özleriniň hususy kesgitnamasy (karary) bilen degişli wezipeli adamlaryň ünsüni çekmelidirler (Türkmenistanyň JIÝK-nyň 497-nji maddasy).

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy B.Hojamgulyýew

Plenumyň kätibi
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy G.Ýegenmämmedowa

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ
PLENUMYNYŇ KARARY № 2

2026-njy ýylyň 25-nji iýuly Aşgabat şäheri

Hökümi ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly meseleleri düzgünleşdirýän kanunçylygyň ulanylyşynyň kazyýet iş tejribesi hakynda

Türkmenistanyň kazyýetleri tarapyndan hökümi ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly meselelere seredilende, kanunçylygyň ulanylyşynda birmeňzeş kazyýet iş tejribesini ýola goýmak hem-de şu görnüşli işler boýunça kanunçylygy ulanmak babatda ýüze çykýan kazyýetleriň soraglaryna ugrukdyryjy düşündirişleri bermek maksady bilen, "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Plenum

K A R A R E D Ý Ä R:

1. Hökümi ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly ýüze çykýan meseleleriň jezalary ýerine ýetirýän edaralar tarapyndan çözülip bilinmeýändigini nazara alyp, bu meseleleriň diňe kazyýetler tarapyndan çözülmäge degişlidigini kazyýetlere düşündirmeli.

2. Hökümi ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly ýüze çykýan meseleler çözülende, hökümiň düýp manysyna täsir edilmeli däldigine kazyýetler üns bermelidirler.

3. Hökümi ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly meseleleriň diňe höküm kanuny güýjüne girenden soňra kazyýet tarapyndan prokuroryň gatnaşmagynda seredilmäge we meseläniň kanunalaýyklykda çözülmäge degişlidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

4. Höküm kanuny güýjüne girenden soň, ony ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly meseleler boýunça aşakdaky ýagdaýlar ýüze çykan halatynda, olar hökümi çykaran kazyýet tarapyndan çözülmäge degişlidir:

- hökümiň giriş böleginde Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň (mundan beýläk Türkmenistanyň JIÝK-nyň) 422-nji maddasynda göz öňünde tutulan maglumatlar görkezilmedik halatynda;

- jenaýat işi boýunça aýyplaw ýa-da aklaw höküm çykarylan bolsa, hökümiň karara gelinýän böleginde ätiýaçsyzlandyryş çäresi çözülmän galdyrylan halatynda;

- kazyýetiň hökümi bilen göwreli aýallara we kiçi ýaşly çagalary bolan adamlara bellenilen jeza çäresini çekmegi yza süýşürilip, hökümiň karara gelinýän böleginde iş kesileniň 14 ýaşyna ýetmedik çagasynyň ady, atasynyň ady, familiýasy we doglan senesi (güni, aýy, ýyly) görkezilmedik halatynda;

- hökümiň karara gelinýän böleginde esasy ýa-da goşmaça jeza çäreleriniň çekilip başlanmaly senesi görkezilmedik halatynda;

- Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň (mundan beýläk Türkmenistanyň JK-nyň) 65-nji maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda, anyklaýyş, deslapky derňew we kazyýet işine garalýan döwürde tussaglykda saklanylmagyň her gününi azatlykdan mahrum edilmegiň iki gününiň ýa-da tussaglykda saklanmagyň bir gününi azatlygy çäklendirmegiň iki gününiň ýa-da tussaglykda saklanmagyň bir gününi belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemegiň iki gününiň ýa-da tussaglykda saklanmagyň bir

gününi harby-düzediş bölüminde saklamagyň iki gününiň ýa-da tussaglykda saklanmagyň bir gününi hökmany işleriň sekiz sagadynyň hasabyna jeza möhletine barabar hasaplanylman galdyrylan halatynda;

- Türkmenistanyň JK-nyň 65-nji maddasynyň 4-nji bölegine laýyklykda, daşary ýurtda edilen jenaýat üçin kazyýetiň hökümi bilen bellenilen höküminiň kanuny güýje girmegine çenli tussaglykda saklanylmagy we azatlykdan mahrum etmek görnüşinde jeza möhletini doldurýan wagty her gününi bir güne barabar hasaplanylman galdyrylan halatynda;

- Türkmenistanyň JK-nyň 65-nji maddasynyň 6-njy bölegine laýyklykda, düzediş işlerine iş kesilen adamyň tussaglykda saklanylan wagty kazyýetiň hökümi bilen bellenilen jeza möhletine tussaglykda bolan bir gününi düzediş işleriniň üç gününe barabar hasaplanylman galdyrylan halatynda;

- kazyýetiň höküminde belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek jezasy bellenende wezipe ýa-da işiň görnüşi anyk kesgitlenmedik bolsa, onda wezipäni ýa-da işiň görnüşini aýdyňlaşdyrmak meselesi ýüze çykan halatynda;

- eger-de hökümde döwlet sylaglaryndan, sylaglaryň aýratyn görnüşlerinden, harby ýa-da beýleki atlardan mahrum etmek görnüşindäki goşmaça jeza çäresi umumy görkezilip, emma olaryň atlary anyk görkezilmän galdyrylan halatynda;

- kazyýetiň höküminiň giriş, beýan ediş-delillendiriş we karara gelinýän böleklerinde iş kesileniň şahsyýeti baradaky maglumatlar, ondaky sanlar we arifmetik ýalňyşlyklar ýüze çykan halatynda;

- Türkmenistanyň JIÝK-nyň 153-nji maddasyna laýyklykda, iş boýunça gelnen netijä laýyklykda, degişlilikde goýlan girewiň meselesi çözülmän galdyrylan halatynda;

- şertleýin iş kesilende höküminiň karara gelinýän böleginde synag möhletiniň hasaplanyp başlanýan pursady ýa-da synag möhleti bellenen iş kesilene belli bir borçlaryň ýüklenendigi görkezilmän galdyrylan halatynda;

- iş kesilene düzediş işleri bellenilip, bu jezanyň nirede çekilmelidigi, ýa-da iş kesileniň gazanjynyň näçe göteriminiň döwletiň haýryna tutulyp alynmalydygy görkezilmän galdyrylan halatynda;

- arakhorlukdan, neşekeşlikden ýa-da toksikomaniýadan we beýleki psihoaktiw maddalara baglylykdan ejir çekýän iş kesilenlere lukmançylyk häsiýetli mejbury çäräniň ulanylman galdyrylan halatynda;

- höküminiň beýan ediş-delillendiriş böleginde arakhorlukdan, neşekeşlikden ýa-da toksikomaniýadan we beýleki psihoaktiw maddalara baglylykdan ejir çekýän iş kesilenlere lukmançylyk häsiýetli mejbury çäräni ulanmak barada netijä gelnendigi görkezilip, höküminiň karara gelinýän böleginde başga lukmançylyk häsiýetli mejbury çäräni ulanmaklyk görkezilen ýagdaýlarda ony kazyýet-narkologiýa bilermenler netijesine laýyk getirmek meselesi ýüze çykan halatynda;

- aýyplaw ýa-da aklaw hökümi çykarylanda Türkmenistanyň JIÝK-nyň 130-njy maddasyna laýyklykda, maddy subutnamalaryň ykbaly çözülmän galdyrylan halatynda;

- Türkmenistanyň JIÝK-nyň 435-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, azatlykdan mahrum etmäge iş kesileniň kämillik ýaşyna ýetmedik çagalary,

kesekiniň seretmegine mätäç bolan garry ata-enesi, eklenjindäki idegsiz galýan başga adamlary bar bolsa, olary garyndaşlarynyň ýa-da başga adamlaryň ýa-da edaralaryň hossarlygyna ýa-da howandarlygyna bermek, iş kesileniň gözegçiliksiz galýan emlägi ýa-da ýaşaýyş jaýy bar bolan halatynda, olary abat saklamagy üpjün etmek çärelerini görmek hakynda mesele çözülmän galdyrylan halatynda;

- adwokatyň iş kesilene hukuk kömegini berendigi üçin tölenmäge degişli hakyň möçberi baradaky mesele çözülmän galdyrylan halatynda;

- höküm çykarylanda iş ýörediş harajatlaryny öndürip almak meselesi çözülmän galdyrylan halatynda;

- aýyplaw ýa-da aklaw hökümi çykarylanda emlägi gozgamasyz etmekden boşatmak meselesi çözülmän galdyrylan halatynda;

- aýyplaw ýa-da aklaw hökümi çykarylanda bildirilen hak isleginň meselesi çözülmän galdyrylan halatynda;

- aýyplaw hökümi çykarylan mahaly jebir çekeniň saglygyny ýatymlaýyn bejermek üçin sarp edilen serişdeleri töletmek hakynda mesele çözülmän galdyrylan halatynda;

- kazyýetiň hökümi bilen bellenen ýetirilen zyýany düzetmek borjuny ýüklemek, jerime, hökmany işler, düzediş işleri görnüşindäki jezany ýerine ýetirmekden iş kesilen tarapyndan bilkastlaýyn boýun gaçyrylan ýagdaýynda, Türkmenistanyň JK-nyň Aýratyn böleginiň degişli maddalarynda görkezilen jezalar bilen çalşyrmagyň zerurlygy ýüze çykan halatynda;

- hökümde nägilelik tertibinde şikaýat etmegiň ýa-da teklipnama getirmegiň tertibi we möhleti görkezilmedik halatynda;

- höküm (kesgitnama ya-da karar) ýerine ýetirilende ýüze çykýan beýleki her hili şübheler we aýdyň bolmadyk ýagdaýlar ýüze çykan halatynda.

5. Eger-de iş kesilene ýalňyşlyk bilen ýeňil düzgünli düzediş edarasynyň görnüşi bellenilen bolsa, hökümiň düzediş edarasynyň görnüşi baradaky bölegi gözegçilik basgançakly kazyýet tarapyndan sökülip, täzeden kazyýetiň başga düzüminde seretmek üçin birinji basgançakly kazyýete iberilýär.

Iş kesilene düzediş edarasynyň ýeňil görnüşiniň nädogry bellenilendigi bilen baglylykda, hökümiň düzediş edarasynyň görnüşini bellemek baradaky böleginiň sökülmegine diňe bir ýylyň dowamynda ýol berilýändigine kazyýetler üns bermelidirler, çünki bu ýagdaý iş kesileniň ýagdaýynyň ýaramazlaşmagyna getirýändigi bilen baglydyr.

Eger-de iş kesilene düzediş edarasynyň nädogry görnüşi bellenip, düzediş edarasynyň agyr görnüşinden ýeňil görnüşine geçirilmäge degişli bolsa, ol wagt möhleti bilen çäklendirilmeýär, sebäbi düzediş edarasynyň agyr görnüşinden ýeňil görnüşine geçirilmegi iş kesileniň ýagdaýynyň ýaramazlaşmagyna getirmeýär. Bu mesele gözegçilik basgançakly kazyýetde seredilýär.

Eger-de hökümde düzediş edarasynyň görnüşi bellenilmedik bolsa, onda düzediş edarasynyň görnüşi hökümi çykaran kazyýet tarapyndan Türkmenistanyň JIÝK-nyň 480-nji we 481-nji maddalarynyň düzgünleri boýunça bellenilmelidir.

Bu barada Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumynyň 2001-nji ýylyň 3-nji awgustyndaky “Azatlykdan mahrum edilenlere, düzediş

edarasynyň görnüşini bellemegiň kazyýet iş tejribesi hakynda” 4-nji kararynda giňişleýin düşündirilendigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Ýokardaky görkezilen ýagdaýlar höküm kanuny güýje girenden soň ýüze çykan halatynda, olary hökümi çykaran kazyýet öz başlangyjy ýa-da hökümi ýerine ýetirýän edaranyň teklibi boýunça çözmelidir.

6. Türkmenistanyň JK-nyň 77-nji maddasyna laýyklykda, jezany çekmegi yza süýşürmek, Türkmenistanyň JK-nyň 78-nji maddasyna laýyklykda, aýyplaw höküminiň wagt möhletiniň (müddetiň) geçmegi sebäpli jeza möhletini doldurmakdan boşatmak, Türkmenistanyň JK-nyň 43-nji, 44-nji, 47-49-njy maddalarynda göz öňünde tutulan halatlarda ýetirilen zyýany düzetmek borjuny, jerimäni, hökmany işlerini, düzediş işlerini we belli bir ýerde ýaşamak borjuny başga jeza çäreleri bilen çalşyrmak, Türkmenistanyň JK-nyň 98-nji maddasyna laýyklykda, lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleriň ulanylmagyny uzaltmak, üýtgetmek we ýatyrmak, Türkmenistanyň JK-nyň 94-nji maddasynyň ikinji bölegine we Türkmenistanyň Jenaýat-ýerine ýetiriş kanunçylygyna laýyklykda, arakhorlukdan, neşekeşlikden ýa-da toksikomaniýadan ejir çekýänler barada lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleriň ulanylmagy hakyndaky meseleler hökümi ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly bolup, olar hökümi çykaran kazyýet tarapyndan çözülýär.

Şu bendiň birinji tesiminde göz öňünde tutulan meseleler boýunça, eger höküm ony çykaran kazyýetiň iş çäginden daşarda ýerine ýetirilýän bolsa, onda bu meseleler iş kesileniň jeza çekýän ýerindäki deň derejeli kazyýet tarapyndan çözülýär. Hökümiň ýerine ýetirilýän ýerinde deň derejeli kazyýet bolmadyk halatynda, ýokarky kazyýet tarapyndan çözülýär. (mysal: eger raýat Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň ýa-da Aşgabat şäher kazyýetiniň hökümi bilen iş kesilip, şol raýat barada hökümi ýerine ýetirmek bilen bagly işlere seredilmeli bolanda höküm Aşgabat şäheriniň çäklerinden daşynda ýerine ýetirilýän halatynda hem degişlilikde Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti ýa-da şol çäkdäki welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher şäher kazyýetleri tarapyndan seredilmäge degişli bolar).

Hökümi ýerine ýetirmek tertibinde işe seredilmegi bilen bagly kabul edilen kazyýet kararlarynyň nusgasy ähli halatlarda höküm çykaran birinji basgançakly kazyýete maglumat üçin iberilmäge degişlidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

7. Türkmenistanyň JK-nyň 67-nji, 68-nji maddalaryna laýyklykda, şertleýin iş kesilen barada bellenilen borçnamalary ýatyrmak ýa-da üstüni ýetirmek, synag möhleti gutarmanka, şertleýin iş kesilmegi ýatyrmak, synag möhletini uzaltmak ýa-da şertleýin iş kesilmegi ýatyryp, iş kesileniň jeza çekmek üçin ibermek, Türkmenistanyň JK-nyň 77-nji maddasynda göz öňünde tutulan esaslar boýunça jeza çekmegi yza süýşürilen iş kesileni jezadan boşatmak, şeýle hem jezany çekmegiň yza süýşürilmegini ýatyrmak, iş kesileni azatlykdan mahrum etmek jezasyny çekmek üçin ibermek, iş kesilenlik aýybynyň aýrylmagy hakyndaky haýyşlara seretmek hakyndaky meseleler iş kesileniň özüni alyp barşyna gözegçiligi amala aşyrýan we jenaýat jezasynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýän edaralaryň bilelikdäki teklipnamasy boýunça iş kesileniň ýaşaýan ýerindäki kazyýet tarapyndan çözülýär.

8. Iş kesileniň agyr keselliligi zerarly ony jezadan boşatmak, kesel bejeriş edarasyna ýerleşdirmek, iş kesileni jezadan şertleýin möhletinden öň boşatmak, jeza möhletiniň doldurylmadyk bölegini onuň ýeňilräk görnüşi bilen çalşyrmak, terbiýeleýiş edarasyndan düzediş edarasyna, düzediş edarasynyň bir görnüşinden beýleki görnüşli düzgündäki başga bir düzediş edarasyna geçirmek, düzediş edarasyndan türmä we türmeden düzediş edarasyna geçirmek, zähmet çekmäge bolan ukybyny ýitirendigi ýa-da pensiýa ýaşyna ýetendigi üçin düzediş işleri, belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek görnüşindäki jezalardan boşatmak hakyndaky meseleler hökümi ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly bolup, hökümiň haýsy kazyýet tarapyndan çykarylandygyna garamazdan, bu meseleler jezany ýerine ýetirmek işini alyp barýan degişli edaranyň we düzediş edarasynyň ýerleşýän ýerindäki etrap ýa-da etrap hukukly şäher häkimlikleriniň ýanyndaky jenaýat jezasynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýän toparyň bilelikdäki teklipnamasy boýunça iş kesileniň jezasyny çekýän ýerindäki etrap, etrap hukukly şäher kazyýeti tarapyndan çözülýär.

9. Hökümi ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly meselelere jezalary ýerine ýetirýän, kämillik ýaşyna ýetmediginiň düzelmegini üpjün edýän degişli edaranyň we düzediş edarasynyň ýerleşýän ýerindäki etrap ýa-da etrap hukukly şäher häkimlikleriniň ýanyndaky jenaýat jezasynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýän toparyň bilelikdäki teklipnamasy boýunça kazyýet tarapyndan seredilýär.

10. Kazyýete berlen teklipnamanyň ýanyna iş kesilen baradaky tassyklanan maglumatlar, beýleki ähmiýeti bolan resminamalar we onuň şahsy işiniň goşulmalydygy, haýyşnamada orta atylýan meseläniň çözgüdi üçin ýeterlik maglumatlaryň goşulandygy ýa-da goşulmandygy, haýyşnama goşulan maglumatlaryň iş kesileniň şahsy işindäki maglumatlara gabat gelýändigi ýa-da gabat gelmeýändigi hemmetaraplaýyn, doly öwrenilip, netijä gelinmelidigini kazyýetlere düşündirmeli.

Eger-de, haýyşnamada ony kazyýetde seretmek üçin ýeterlik maglumatlar görkezilmedik ýagdaýlarda kazyýet haýyşnama seretmän, degişli edara gaýtaryp biler.

Eger-de, haýyşnama gerekli maglumatlar goşulmadyk ýagdaýynda, haýyşnamany degişli edara yzyna gaýtarman, şol maglumatlary özüniň hem talap edip alyp bilýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

11. Iş kesileni, agyr kesellidigi zerarly jezadan boşatmak ýa-da ony kesel bejeriş edarasyna ýerleşdirmek baradaky meselä sereden mahalynda, kazyýet mejlisine netijenama beren lukmanlar toparynyň wekiliniň gatnaşmagy hökmandyr.

12. Hökümi ýerine ýetirmek bilen bagly meselelere kazyýetde seredilende Türkmenisanyň JIÝK-nyň 480-nji maddasynyň üçünji böleginde göz öňünde tutulan halatlarda, kazyýet mejlisine iş kesileniň gatnaşmagy hökmandyr we onuň kazyýete getirilen maglumatlar bilen tanyşmaga, olaryň seredilmegine gatnaşmaga, haýyşlar we ynanmazlyk bildirmäge, düşündirişler bermäge, subutnamalar getirmäge hukugy bardyr.

13. Iş kesilen öz hukuklaryny goramagy adwokatyň kömegi bilen hem amala aşyryp biler.

Kämillik ýaşyna ýetmedikler, özüni goramak hukugyny özbaşdak amala

aşyrmak mümkinçiliginden mahrum edýän beden we akyl taýdan ýetmezçiliklerden ejir çekýänler, şeýle hem iş boýunça önümçiligiň alnyp barylýan diline düşünmeýänler we sowatsyzlar baradaky meselelere sereden mahalynda adwokatyň gatnaşmagynyň hökmandygyny kazyýetlere düşündirmeli.

14. Işe seretmek iş kesileniň bildiren haýyşnamasy we iş boýunça teklip bilen ýüzlenen edaranyň wekiliniň çykyş etmegi bilen başlanýar. Soňra getirilen maglumatlar barlanylýar, kazyýet mejlisine gelen adamlaryň düşündirişleri, prokuroryň netijenamasy diňlenilýär. Şondan soň kazyýet kesgitnama (karar) çykarmak üçin maslahat otagyna gidýär.

Bellenen jezadan möhletinden öň şertli boşatmak bilen baglanyşykly we beýleki jeza çekmegiň azatlykdan mahrum etmek bilen bagly bolmadyk görnüşlerine çalşyrylan halatynda, kazyýetiň kesgitnamasy (karary) haýal etmän ýerine ýetirilmäge degişlidigine kazyýetleriň ünsüni çekmelidir.

15. Hökümi ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly meseleler çözülen mahalynda, kazyýetiň çykaran kesgitnamasyna (kararyna) Türkmenistanyň JIÝK-nyň 44-nji babynda göz öňünde tutulan düzgünler boýunça ikinji basgançakly kazyýete şikaýat edilip ýa-da teklipnama getirilip bilner.

16. Eger-de hökümi ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly meseleler başga kazyýet tarapyndan çözülen halatynda, Türkmenistanyň Jenaýat-ýerine ýetiriş kodeksiniň 17-nji maddasyna laýyklykda, kazyýetiň kesgitnamasynyň (kararynyň) nusgasy hökümi çykaran kazyýete iberilmäge degişlidir.

17. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri hökümi ýerine ýetirmek bilen bagly meseleler hakyndaky kanunçylygyň kazyýetler tarapyndan ulanylyşyna gözegçiligi güýçlendirmelidirler. Şu görnüşli meseleler boýunça kazyýet iş tejribesini yzygiderli öwrenmelidirler we umumylaşdyrmalydyrlar, kazyýetler tarapyndan goýberilýän kemçilikleriň sebäplerini derňemelidirler we olary aradan aýyrmak boýunça öz wagtynda çäreleri görmelidirler.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy B.Hojamgulyýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy G.Ýegenmämmedowa

TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETINIŇ
PLENUMYNYŇ KARARY № 3

2026-njy ýylyň 25-nji iýuly Aşgabat şäheri

Salgytlary tölemekden boýun gaçyrylmagy bilen bagly jenaýat işlerine seretmegiň kazyýet iş tejribesi hakynda

Salgytlary tölemekden boýun gaçyrylmagy bilen bagly jenaýat işlerine seredilende, kazyýetler tarapyndan kanunçylygyň birmeňzeş we dogry ulanylmagyny üpjün etmek hem-de kazyýet iş tejribesinde kanunçylygy ulanmakda ýüze çykýan meseleler boýunça ugrukdyryjy düşündirişleri bermek maksady bilen, "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 41-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy

K A R A R E D Ý Ä R:

1. Salgyt - döwlet işini maliýe taýdan üpjün etmek maksady bilen, döwlet tarapyndan bellenilýän, ýuridik we fiziki şahslardan alynýan, Türkmenistanyň Döwlet býujetine gelip gowuşýan hökmany, hususy muzdsuz tölegdir ("Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 7-nji maddasynyň birinji bölegi).

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 59-njy maddasyna laýyklykda, her bir adam kanunda bellenilen tertipde we möçberlerde kanunlar bilen kesgitlenen salgytlary tölemäge we gaýry tölegleri amala aşyrmaga borçludyr.

Kazyýetler salgytlary tölemekden boýun gaçyrylmagynyň degişli administratiw ýa-da jenaýat jogapkärçiligine getirýändigine üns bermelidirler.

2. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 64-nji maddasyna we "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 1-nji maddasynyň 4-nji böleginiň 1-nji tesimine laýyklykda, täze salgytlary belleýän, salgyt möçberlerini ýokarlandyrýan, salgytlar hakyndaky kanunçylygyň bozulmagy üçin jogapkärçiligi belleýän ýa-da agyrlaşdyrýan, täze borçlary belleýän ýa-da salgyt töleýjileriň (salgyt ýumuşçysynyň), şeýle-de, bu gatnaşyklaryň beýleki gatnaşyjylarynyň ýagdaýyny başga görnüşde ýaramazlaşdyrýan salgytlar hakynda kanunçylyk namalarynyň yzyna hereket ediş (gaýdymlaýyn) güýjüniň ýokdugyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

3. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň (mundan beýläk Türkmenistanyň JK-nyň) 284-nji maddasynyň birinji böleginiň dispozisiýasyna laýyklykda, girdejiniň ýa-da salgyt salynýan beýleki zatlaryň bilkastlaýyn ýaşyrylmagyna ýa-da azaldyp görkezilmegine, şonuň ýaly-da, göz-görtele ýoýlan maglumatlaryň salgyt beýannamasyna, hasaby ýörediş resminamalaryna girizilmegine "fiziki şahsyň salgytlary tölemekden boýun gaçyrmagy" diýip düşünilýändigini, Türkmenistanyň JK-nyň 285-nji maddasynyň birinji böleginiň dispozisiýasyna laýyklykda, maliýe resminamalaryna girdejiler ýa-da çykdajylar hakynda göz-görtele ýoýlan maglumatlary girizmek ýoly bilen ýa-da maliýe resminamalaryny ýok etmek arkaly we salgyt salynýan beýleki zatlaryň ýaşyrylmagy ýa-da başga usul bilen guramalardan salgytlary tölemekden boýun gaçyrylmagyna "guramalardan uly

möçberde salgytlary tölemekden boýun gaçyrylmagy” diýlip düşünilýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

Ondan başga-da, hakyky salgyt töleýji fiziki ýa-da ýuridik şahs, özüniň salgydyny gizlemek maksady bilen, döwlet tarapyndan ýeňilliklerden peýdalanýan fiziki şahslaryň artykmaçlyklaryndan peýdalansalar hem, olaryň hereketlerine “salgytlary tölemekden boýun gaçyrylmagy” diýlip düşünilýär.

Döwlet tarapyndan ýeňilliklerden peýdalanýan fiziki şahslar diýlende “Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 187-nji maddasynyň 5-nji böleginde göz öňünde tutulan fiziki şahslara düşünilmelidigine kazyýetler üns bermelidirler.

Girdejileriň ýa-da beýleki salgyt salynýan zatlaryň bilkastlaýyn ýaşyrylmagynyň ýa-da azaldylyp görkezilmeginiň, göz-görtele ýoýlan maglumatlaryň salgyt beýannamasyna, hasaby ýörediş resminamalaryna girizilmeginiň alamatlary aşakdakylar bolup biler:

- harytlary (hyzmatlary) ýerlemekden alnan girdejiniň mukdarynyň resminamalarda görkezilmezligi;

- harytlaryň ýerlenilendigini tassyklaýan resminamalaryň, edilen hyzmatlaryň üýtgedilmegi, galplaşdyrylmagy, ýok edilmegi ýa-da şol resminamalary bermekden ýüz dönderilmegi;

- buhgalteriýa hasaplarynda galp resminamalaryň ulanylmagy;

- resminamalarda ýerlenilmedik edip görkezilen harytlaryň ammarda ýa-da ýerlemek nokadynda bolmazlygy;

- mälim edilmedik (hasabat berilmedik) harytlaryň saklanylmagy, ulanylmagy we ýerlenilmegi;

- kassa enjamlarynyň maliýe ýagdaýynyň hyzmat meýilnamasyna bikanun üýtgetmeleriň girizilmegi;

- önümçilik hasabat resminamalarynda hakykat ýüzünde ulanylmadyk maddy çykdajylaryň goşulmagy;

- harytlary (hyzmatlary) ýerlemekden alnan girdejiniň hasabat döwründen soňky döwre geçirilmegi (ýerlenen mukdarynyň we girdejisiniň bilkastlaýyn azaldylmagy);

- materiallary, ýangyç we energiýa çeşmelerini sarp etmekde, amortizasiýa (könelmek) ýa-da ülňüleriň nädogry ulanylmagynda emeli ýokarlandyrmalara (çäklendirmelere) ýol berilmegi;

- salgyt beýannamasynda iş beriji bilen zähmet gatnaşyklarynda durýan işgärleriň zähmet hakynyň hakyky mukdarynyň görkezilmezligi;

- hasap resminamalarynda ýerlenen harytlaryň, edilen hyzmatlaryň hakyky ýerlenen we hyzmat bahalaryndan pes bahalaryň görkezilmegi we ş.m.

4. Günäkäriň hereketleriniň Türkmenistanyň JK-nyň 284-nji we 285-nji maddalarynyň birinji bölekleri boýunça maddalaşdyrylmagy, ýagny “uly möçberdäki salgytlary tölemekden boýun gaçyrylmagy” diýip hasap etmek üçin, fiziki şahs tarapyndan tölenilmedik salgytlaryň bir ýylda hasaplanylan mukdarynyň bellenilen binýatlyk mukdarynyň iki ýüz ellisinden, guramalar tarapyndan tölenilmedik salgytlaryň bir ýylda hasaplanylan mukdarynyň bellenilen binýatlyk mukdarynyň bir müňüsinden,

- şol maddalaryň 2-nji böleklerіniň “ç” bentleri boýunça maddalaşdyrylmagy, ýagny “aýratyn uly möçberdäki salgytlary tölemekden boýun gaçyrylmagy” diýip hasap etmek üçin, fiziki şahs tarapyndan tölenilmedik salgytlaryň bir ýylda hasaplanylan mukdarynyň bellenilen binýatlyk mukdarynyň bäş ýüzüsinden, guramalar tarapyndan tölenilmedik salgytlaryň bir ýylda hasaplanylan mukdarynyň bellenilen binýatlyk mukdarynyň iki müň bäş ýüzüsinden geçmelidigini (Türkmenistanyň JK-nyň 284-nji we 285-nji maddalarynyň Bellikleriniň birinji we ikinji bölekleri), şunda binýatlyk mukdary diýlende, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2010-njy ýylyň 11-nji maýyndaky “Türkmenistanda binýatlyk mukdarlary bellemek hakynda” PP-5594 belgili Permanyndan ugur alyp, jenaýat kanunçylygy boýunça 300 manatdan hasaplanmaga degişlidigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Eger tölenmedik salgytlaryň möçberleri ýokarda agzalyp geçilen möçberlerden az bolsa ýa-da olara deň bolsa, onda günäkäriň etmişiniň Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksiniň 288-nji maddasynda göz öňünde tutulan jogapkärçilige getirýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

Agzalan görnüşli işlere seredilende bildirilen aýyp we kazyýet tarapyndan tassyk boldy diýilýän aýyplama tölenmedik salgydyň ähli görnüşleriniň möçberlerinden ugur alnyp, şunda kanunda göz öňünde tutulan jerimeleriň, puşmana pullaryň we beýleki mejbury töleglerіň jenaýatyň maddalaşdyrylyş alamatlaryna öz täsirini ýetirmeýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

5. Kazyýetler Türkmenistanyň JK-nyň 284-nji we 285-nji maddalarynyň ikinji böleklerіniň “a” we “b” bentlerinde göz öňünde tutulan jenaýatlaryň gaýtadan ýa-da deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan edilendigi baradaky meseläni çözenlerinde, Türkmenistanyň JK-nyň 16-njy maddasynyň birinji we ikinji böleklerіniň hem-de 31-nji maddasynyň birinji böleginiň talaplaryndan ugur almalydyrlar.

6. Türkmenistanyň JK-nyň 284-nji we 285-nji maddalarynyň birinji böleklerіniň dispozisiýasynda görkezilen “girdeji”, “çykdajy”, “salgyt”, “beýleki salgyt salynýan zatlar”, “salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy)” diýen ugrukdyryjy düşünjeleri aýdyňlaşdyrmak üçin, “Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň etmişiň edilen wagtynda hereket edýän kadalaryndan ugur alynmalydyr.

7. Aşakdaky ýagdaýlaryň, haýsy-da biri bar bolsa, salgytlary tölemekden boýun gaçyrmagy üçin fiziki şahs administratiw ýa-da jenaýat jogapkärçiligine çekilip bilinmez:

- salgytlary tölemek düzgünlerini bozmak hadysasynyň bolmazlygy;

- salgytlary tölemekden boýun gaçyran şahsyň günäsiniň bolmazlygy (mysal üçin, hereketiň amala aşyrylan wagtynda bu şahs öz hereketlerinden habarsyz ýa-da öz hereketlerine gözegçilik edip bilmeýän ýagdaýynda bolsa);

- salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) salgytlary hasaplamak, tölemek boýunça ygtyýarly edaranyň ygtyýarlyklarynyň çäginde salgyt kanunçylygynyň ulanylmagy bilen baglanyşykly beýleki meselelerde salgyt ýa-da beýleki edaralar tarapyndan berlen ýazmaça düşündirişleri ýerine ýetiren bolsa;

- salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) salgyt barlagy wagtynda salgyt edaralarynyň esasly garaýşyna (hereketine ýa-da hereketsizligine) tabyn bolan bolsa;

- salgytlaryň görnüşi üçin artykmaç tölenen salgytlaryň mukdarlary beýleki salgytlaryň görnüşleri üçin bilkastlaýyn tölenmedik mukdarlaryny doly öz içine alýan bolsa;

- salgytlaryň bir görnüşinde artykmaç tölenen mukdarlar beýleki salgytlaryň görnüşlerinde bilkastlaýyn tölenmedik mukdarlaryny bölekleýin öz içine alýan bolsa (şahsyň günäsi tölenen mukdar bilen tölenmedik mukdaryň aratapawudy boýunça kesgitlenende);

- öň tabşyrylan salgyt beýannamasynda nädogry ýa-da doly däl maglumatlary we ýalňyşlyklary ýüze çykarýan we şonuň üçin hasaplanan salgytlaryň mukdarynda salgyt beýannamasyna üýtgeşme bolandygyny kesgitleýän salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) bu salgyt beýannamasynda zerur düzedişleri girizen we borçly salgyt gullugyna düzedilen salgyt beýannamasyny tabşyran bolsa.

8. “Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň II bölümine laýyklykda, aşakdaky salgytlar kesgitlenendir:

1) goşulan baha üçin salgyt;

2) goşmaça töleg (aksiz salgydy);

3) ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt;

4) emläk üçin salgyt;

5) ýuridik şahslaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt;

6) fiziki şahslardan alynýan girdeji salgydy.

9. Salgytlary tölemekden boýun gaçyrmak - bu Türkmenistanyň salgytlar hakynda kanunçylygyna laýyklykda, berilmegi hökmany bolup durýan salgyt beýannamasyna (hasaplama) ýa-da beýleki resminamalara görnetin ýalan maglumatlaryň bilkastlaýyn girizilmegi, döwlet salgyt edarasyna salgyt hasabat resminamalaryny ýa-da beýleki resminamalary tabşyrmazlyk ýa-da salgytlardan boýun gaçyrmak maksady bilen emeli ýagdaýda salgyt tölemäge ukypsyzlyk ýagdaýyny döretmek bilen ýüze çykýan bilkastlaýyn hereketlerdir.

Girdejiniň ýa-da beýleki salgyt salynýan zatlaryň bilkastlaýyn ýaşyrylmagy - bu döwlet salgyt edarasyna berilýän salgyt hasabaty baradaky degişli resminamalarda girdejiniň alynmagy baradaky hakyky maglumatlary bilkastlaýyn görkezilmezligidir, şeýle hem girdejiniň bardygyny ýaşyrmak maksady bilen, resminamany ýazmagyň tertibiniň bozulmagydyr (resminamanyň galplaşdyrylmagy).

Girdejiniň ýa-da beýleki salgyt salynýan zatlaryň bilkastlaýyn azaldylyp görkezilmegi - döwlet salgyt edarasyna berilýän salgyt hasabaty baradaky degişli resminamalarda girdejiniň ýa-da beýleki salgyt salynýan çeşmeleriň hakyky mukdaryna laýyk gelmeýän, bilkastlaýyn azaldylyp görkezilen maglumatyň berilmegidir.

Salgyt beýannamasyna, hasaby ýörediş resminamasyna göz-görtele ýalan maglumatlaryň girizilmegi - tölenmeli salgytlaryň hasaplanylmagyna täsir edýän, ýagny olarda salgyt salynýan binýat barada salgyt özenineň hasaplanmagy, salgyt ýeňillikleriniň ýa-da aýyrmalarynyň bardygy barada islendik hakykata laýyk

gelmeýän maglumatlaryň hem-de salgytlaryň dogry hasaplanmagyna we tölenmegine täsir edýän islendik başga maglumatlaryň bilkastlaýyn girizilmegine, şeýle-de, olarda belli bir çeşmelerden gelýän girdejiler, salgyt salynýan binýatlar baradaky maglumatlaryň bilkastlaýyn görkezilmezligine, girdejiniň hakyky möçberiniň azaldylmagyna, salgytlar hasaplananda, hasaba alynýan önümçilik çykdajylarynyň möçberleriniň ýoýulmagyna düşünilýär.

Şeýle mümkinçiligiň bar ýagdaýynda, salgyt beýannamasyny bermekden boýun gaçyrmak, ony degişli salgyt edarasyna bellenen möhletde bermezlikden ybaratdyr.

Resminamalaryň ýakmak, ýyrtmak, owratmak, ezmek ýa-da başga bir usul bilen ýaramsyz hala getirilmegine "maliýe resminamalaryny ýok etmek" diýip düşünilýär.

10. Şeýle-de, "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynda göz öňünde tutulan, salgyt beýannamasyna (hasaplamasyna) goşulmaga degişli we salgytlary hasaplamak hem-de tölemek üçin esas bolup hyzmat edýän resminamalaryň berilmezligi ýa-da olara görnetin ýalan maglumatlaryň girizilmegi salgytlary tölemekden boýun gaçyrmagyň usuly bolup hyzmat edip biler.

11. Salgytlary tölemekden boýun gaçyrylmagynyň netijesinde emele gelen möçberler hasaplananda, kazyýetler diňe agzalan möçber hasaplanylýan salgyt (hasaplaşyk) döwri üçin kanunçylykda bellenen salgytlary, salgyt möçberlerini we olaryň ölçeglerini, ätiýaçlyk gatançlarynyň nyrhlaryny üns merkezine almalydyrlar. Kanunçylyk namasy bilen salgytlar ýatyrylan ýa-da olaryň möçber ölçegleri aşakladylan halatlarynda, eger-de "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 1-nji maddasynyň 4-nji böleginiň 2-nji tesimine laýyklykda, degişli nama yzyna hereket ediş güýji berlen bolsa, hasaplamaklyk bu täze ýagdaýy hem hasaba almak bilen geçirilmelidir.

12. Salgytlar hakynda kanunçylygyň düzgünlerine laýyklykda, kazyýetler salgyt beýannamasynyň (hasaplamasynyň) berilýän möhlet bilen salgytlary tölemegiň möhletleriniň gabat gelmän bilýändiginden ugur alyp, Türkmenistanyň JK-nyň 284-nji ýa-da 285-nji maddalarynda göz öňünde tutulan jenaýatlaryň, salgytlar hakynda kanunçylykda bellenen möhletde salgytlaryň hakykat ýüzünde tölenmedik pursadyndan gutaran jenaýat diýlip hasap edilýändigine, şunda "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 5-nji maddasynyň salgyt ýyly ýanwar aýynyň 1-inden başlanyp, dekabr aýynyň 31-inde tamamlanýandygyna hem-de maliýe ýyly bilen gabat gelýändigine kazyýetler üns bermelidirler.

Salgyt tölemekden boýun gaçyrmak maksady bilen resminamalaryň galplaşdyrylmagy we salgyt töleýjiniň özüniň salgyt tölemek borjuny ýerine ýetirmedik halatynda, jenaýat gutarylan hasap edilip bilinmez. Bu ýagdaýda diňe maliýe ýylynyň tamamlanmagy bilen salgydyň tölenmedik halatynda amala aşyrylan herekete gutarylan jenaýat hökmünde baha berlip bilner.

13. Türkmenistanyň JK-nyň 284-nji maddasynda göz öňünde tutulan jenaýatyň subýekti bolmagy üçin umumy talaplardan (on alty ýaşyna ýeten, akyly düzüw) başga-da, ýörite ýagny, salgytlar hakynda kanunçylyga laýyklykda, salgytlary hasaplamak we degişli býujete tölemek boýunça salgyt gözegçiligini amala aşyrmak üçin zerur bolan hem-de Türkmenistanyň salgytlar hakynda

kanunçylygyna laýyklykda, berilmegi hökmany bolup durýan salgyt beýannamasyny we beýleki resminamalary salgyt edaralaryna bermek boýunça borç üstüne ýüklenen fiziki şahs (Türkmenistanyň raýaty, daşary ýurt raýaty, raýatlygy bolmadyk adam) bolup biler.

Beýleki raýatlar bilen bir hatarda, agzalan jenaýatyň subýekti bellenen tertipde bellige alnan we ýuridik şahsy döretmezden, telekeçilik işini amala aşyrýan hususy telekeçi, hususy notarius, adwokatlyk işini özbaşdak alyp barýan adwokat ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde hünärmenlik hyzmatlary amala aşyrmak bilen meşgullanýan beýleki şahslar hem bolup biler.

Bularyň sanawyna salgyt dahyllylary bolan şahslar, aýry-aýry telekeçiler, salgyt töleýji edaralaryň ýolbaşçylary, salgyt hasabyna ýa-da hasabat resminamalaryna gol çekmäge, salgytlaryň doly we öz wagtynda tölenmegini üpjün etmäge, töleýji edaranyň dolandyryş edarasy tarapyndan şeýle hereketleri amala aşyrmaga ygtyýarly bolan beýleki jogapkärçiligi bolan adamlar hem girýär.

Türkmenistanyň JK-nyň 284-nji maddasynda göz öňünde tutulan jenaýat jogapkärçiliginiň subýekti salgytlar hakynda kanunçylyk bilen düzgünleşdirilýän hereketleri etmekde wekilçiligi amala aşyrýan başga şahs hem bolup biler, çünki "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 12-nji, 20-nji we 21-nji maddalaryna laýyklykda, salgyt töleýji, "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, şeýle gatnaşyklara kanuny ýa-da ygtyýarlandyrylan wekiliň üsti bilen gatnaşmaga haklydyr.

14. Şunda özüniň telekeçilik işini başga (mysal üçin, resmi ýagdaýda hususy telekeçi hökmünde bellige alnan işsiz) şahsyň üsti bilen hakykat ýüzünde amala aşyrýan şahs salgytlary tölemekden boýun gaçyran halatynda, onuň hereketleri Türkmenistanyň JK-nyň 284-nji maddasy boýunça agzalan jenaýaty ýerine ýetiriji hökmünde, beýleki şahs bolsa, Türkmenistanyň JK-nyň 30-njy maddasynyň bäşinji böleginiň düzgünlerine laýyklykda, salgytlary tölemekden boýun gaçyrylmagyna gatnaşýanlygyna akyl ýetiren we onuň niýeti bu jenaýatyň edilmegini gurşap alan bolsa, ýaran hökmünde maddalaşdyrylmaga degişlidir.

Türkmenistanyň JK-nyň 284-nji maddasynda göz öňünde jenaýatyň närsesiniň diňe döwlete tölenmeli salgydyň bir görnüşiniň, ýagny girdeji salgydynyň däl-de, eýsem fiziki şahsyň girdejileri ýa-da beýleki salgyt salynýan zatlary bilkastlaýyn ýaşyrmak ýa-da azaldyp görkezmek arkaly, salgytlary tölemekden boýun gaçyrmagyna, şonuň ýaly-da göz-görtele ýoýlan maglumatlary salgyt beýannamasyna, hasaby ýörediş resminamalara girizip, uly möçberde salgytlary tölemekden boýun gaçyrmaga düşünilmelidir.

Şunda salgydyň bir ýylda hasaplanylan mukdary kesgitlenilende, fiziki şahsyň girdejini nähili işläp gazanandygyna garamazdan, ýagny esasy iş ýerinde aýlyk, sylaglar görnüşinde ýa-da telekeçilik işi boýunça we beýleki alan girdejisi boýunça girdeji salgydyny tölemäge degişli girdejileriň jemi göz öňünde tutulmalydyr.

15. Türkmenistanyň JK-nyň 285-nji maddasynda göz öňünde tutulan jenaýatyň subýekti, kanuna laýyklykda ýa-da ynanç hatynyň esasynda, salgytlary töleýji bolup durýan gurama tarapyndan salgyt edaralaryna berilýän salgyt

(hasaplaşyk) döwri üçin hasabat resminamalaryna gol çekmäge ygtyýarlandyrylan şahs bolup biler. Şular ýaly şahslar guramanyň - salgyt töleýjiniň ýolbaşçysy ýa-da şeýle guramanyň ygtyýarlandyrylan wekili bolup bilerler (“Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 21-nji maddasy). Şeýle-de agzalan jenaýatyň subýekti guramanyň - salgytlary töleýjiniň ýolbaşçysynyň borçlaryny hakykat ýüzünde ýerine ýetirýän şahs bolup biler.

16. Salgytlary tölemekden boýun gaçyrmaklygyň, salgyt ýumuşçysynyň borçlarynyň ýerine ýetirilmezliginiň, guramanyň ýa-da hususy telekeçiniň hasabyna salgytlaryň öndürilip alynmaly pul serişdeleriniň ýa-da emläginiň ýaşyrylmagynyň diňe göni niýet bilen mümkindigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Türkmenistanyň JK-nyň 284-nji we 285-nji maddalaryna laýyklykda, jogapkärçiligiň hökmany şerti salgytlary tölemekden boýun gaçyrmak niýetiniň bolmagydyr we bu niýet hereket hem-de hereketsizlik bilen ýüze çykmalydyr.

17. Şahs, salgytlary tölemekden boýun gaçyrmak maksady bilen, hukuk berýän ýa-da borçlardan boşadýan resmi resminamalaryny, şeýle-de, möhürçeleri, möhürleri, resmi kagyzlary galplaşdyrmagy amala aşyran halatynda, onuň hereketleri degişlilikde Türkmenistanyň JK-nyň 284-nji ýa-da 285-nji maddalary bilen bilelikde 240-njy maddasynda göz öňünde tutulan jenaýatlaryň umumy jemi boýunça maddalaşdyrylmaga degişlidir.

Bu ýagdaý günäkäriň salgyt beýannamasyna, hasaby ýörediş resminamasyna göz-görtele ýalan maglumatlary girizmeginiň we salgyt edaralaryna tabşyrylýan beýleki zerur resminamalary ýoýmagynyň ýa-da galplaşdyrmagynyň barşynda şolary ýaşyrmak maksady bilen edilen halatyna degişli däldir.

18. Türkmenistanyň JK-nyň 285-nji maddasynda görkezilen guramalara “Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 17-nji maddasynda göz öňünde tutulan, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döredilen ýuridik şahslar, şeýle-de, daşary ýurt döwletleriniň kanunçylygyna laýyklykda döredilen hukuk ukyplylygyna eýe bolan daşary ýurt ýuridik şahslary, kompaniýalary we beýleki korporatiw emele gelmeleri, halkara guramalary, agzalan daşary ýurt şahslarynyň we halkara guramalarynyň Türkmenistanyň çäginde döredilen şahamçalary we wekillikleri degişlidirler.

Guramalardan salgytlary tölemekden boýun gaçyrylmagy (Türkmenistanyň JK-nyň 285-nji maddasynda göz öňünde tutulan jenaýat) üçin jenaýat jogapkärçiliginiň ýüze çykmagy üçin, degişli buhgalteriýa resminamalaryna diňe girdejiler barada däl, eýsem-de çykdajylar barada hem göz-görtele ýoýulan maglumatlaryň girizilmegi ýa-da maliýe resminamalaryny ýok etmek arkaly we salgyt salynýan beýleki zatlaryň ýaşyrylmagy hem bolup biler.

Şunda tölenmedik salgydyň bir ýylda hasaplanylýan mukdary kesgitlenende diňe bir girdeji salgydyndan däl, eýsemde ýuridiki şahsyň beýleki zatlar üçin tölemeli salgytlarynyň möçberiniň jeminden ugur alynmalydyr.

19. Türkmenistanyň JK-nyň 284-nji we 285-nji maddalarynda göz öňünde tutulan jenaýatlaryň düzümleriniň hökmany alamaty tölenmedik salgytlaryň şol maddalaryň belliklerine görä kesgitlenýän, uly ýa-da aýratyn uly möçberleri bolup

durýar. Şunda tölenmedik salgytlaryň uly ýa-da aýratyn uly möçberleri bir maliýe ýylynyň çäklerindäki döwür üçin kesgitlenilýär (01.01.2026-31.12.2026ý. aralygy).

Kanunyň manysy boýunça Türkmenistanyň JK-nyň 284-nji maddasynda ýa-da 285-nji maddasynda göz öňünde tutulan jenaýatlar üçin jogapkärçilik, eger-de bir ýa-da birnäçe salgytlary tölemekden boýun gaçyrmaklyk uly we aýratyn uly möçberi emele getiren hem-de olary tölemegiň salgytlar kanunçylygynda bellenen möhletleri geçen bolsa, "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynda bellenen aýratyn salgyt (hasaplaşyk) döwri üçin (mysal üçin, tamamlanmagy bilen salgyt özeni kesgitlenýän we tölenmäge degişli salgydyň möçberi hasaplanýan senenama ýyly ýa-da aýratyn salgytlar babatda başga döwür üçin) hem ýüze çykyp biler.

Tölenmedik salgytlaryň uly we aýratyn uly möçberini hasaplamak üçin döwri kesgitlemekde aradan aýryp bolmaýan şübheler ýüze çykan halatynda, ol şübheler aýyplanýanyň peýdasyna çözülmäge degişlidir.

20. Salgytlary tölemekden boýun gaçyrmak bilen bagly jenaýatyň netijesinde býujet ulgamyna ýetirilen zyýanyň möçberini kesgitlemek üçin, kazyýetler salgytlary tölemek boýunça borçnamalaryň hakyky möçberini anyklamalydyrlar, tölenmedik salgytlaryň möçberini artdyrýan hem-de kemeldýän ähli ýagdaýlary umumylykda nazara almalydyrlar.

21. Şahs birnäçe guramalara ýolbaşçylygy hukuk taýdan, hakykat ýüzünde amala aşyran we şunda olaryň her birinde salgytlary tölemekden boýun gaçyran halatlarynda, onuň hereketleri Türkmenistanyň JK-nyň 285-nji maddasynyň degişli böleklerinde göz öňünde tutulan birnäçe jenaýatlaryň umumy jemi boýunça maddalaşdyrylmaga degişlidir.

22. Eger-de salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) salgyt beýannamasyny (hasaplamasyny) ýa-da Türkmenistanyň salgytlar hakynda kanunçylygyna laýyklykda berilmegi hökmany bolan beýleki resminamalary bermedik bolsa ýa-da bu resminamalara görnetin ýalan maglumatlary girizen bolsa, şol sanda salgyt beýannamasyny (hasaplamasyny) bermegiň möhleti tamamlanandan soňra, olara goşmaçalar we üýtgetmeler hakynda salgyt edarasyna arza berlip, ýöne soňra jenaýaty ahyryna çenli ýerine ýetirmekden meýletin we gutarnykly ýüz dönderip, salgytlary tölemegiň möhleti tamamlanmanka, salgytlar tölenen bolsa, şeýle hereketlerde (jenaýatdan meýletin ýüz dönderilmegi Türkmenistanyň JK-nyň 69-njy maddasy) Türkmenistanyň JK-nyň 284-nji ýa-da 285-nji maddalarynda göz öňünde tutulan jenaýatlaryň düzüminiň ýokdugyna kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

23. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 19-njy maddasyna laýyklykda, salgydy hasaplamak, tutup almak we ony salgyt töleýjiniň ýerine Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirmek boýunça borçlar ýüklenen şahslaryň "salgyt ýumuşçylary" diýip ykrar edilýändigi, olar tarapyndan şahsy bähbitleri üçin salgytlary hasaplamak, saklamak ýa-da geçirmek boýunça borçlary ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda, şol bir wagtyň özünde, fiziki şahslardan ýa-da guramalardan salgytlary tölemekden boýun gaçyrýan bolsa, olaryň bu hereketleri Türkmenistanyň JK-nyň 284-nji we 285-nji maddalarynda göz öňünde tutulan jenaýatlaryň umumy jemi boýunça maddalaşdyrylmaga degişlidir.

Eger-de salgyt ýumuşçysy tarapyndan salgydy tutup alyp, ýöne ony býujete geçirmän, öz bähbidine ulanýan bolsa, onda onuň jenaýatçylykly hereketlerini Türkmenistanyň JK-niň 196-njy ýa-da 289-njy maddalary bilen onuň "wezipeli adam" we "dolandyryjy wezipeleri ýerine ýetirýän adam" bolmaýandygy we şol maddalaryň subýekti bolup bilmeýändigi üçin goşmaça maddalaşdyrmaklyk talap edilmeýändigini kazyýetlere düşündirmeli.

24. Döwlet häkimiýet edaralarynyň we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň salgytlary tölemekden boýun gaçyrmagy hakyndaky jenaýatlaryň edilmegine bilkastlaýyn ýardam beren wezipeli adamlarynyň hereketleri şeýle jenaýatlaryň edilmeginde ýaran bolmaklyk hökmünde, eger-de şunda olar betnebislik ýa-da gaýry şahsy bähbitlerden ugur alyp hereket eden bolsalar, olaryň hereketleri Türkmenistanyň JK-nyň 285-nji maddasyndan başga-da, Türkmenistanyň JK-nyň döwlet gullugynyň we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryndaky gullugyň bähbitlerine garşy jenaýatlaryň edilmegi üçin jogapkärçiligi göz öňünde tutýan 196-njy maddasy bilen goşmaça maddalaşdyrylmaga degişlidir.

25. Türkmenistanyň JK-nyň 284-nji we 285-nji maddalarynda göz öňünde tutulan jenaýatlaryň edilmeginde aýyplanýan şahslara, agzalan maddalaryň belliklerініň üçünji böleklerine laýyklykda, eger şol maddalaryň ikinji böleklerinde göz öňünde tutulan jenaýatlary ilkinji gezek eden adam jenaýatyň üstüniň açylmagyna ýardam beren bolsa we ýetirilen zeleliň öwezini dolulygyna dolan bolsa, oňa azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki jezanyň bellenilip bilinmeýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Şunda şol bir madda-da göz öňünde tutulan jenaýat üçin aýrylmadyk ýa-da öz-özünden aýrylmadyk iş kesilenlik aýyby ýok bolsa, şahsyň ilkinji gezek salgytlary tölemekden boýun gaçyrmagy hakyndaky jenaýaty eden diýip, ykrar edilýändigine, jenaýatyň üstüni açmaga ýardam eden hasaplamak üçin, Türkmenistanyň JK-nyň 56-njy maddasynyň birinji böleginiň "j" bendinde göz öňünde tutulan jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän ýagdaýlardan ugur alnyp baha berilmäge degişlidigine, ýetirilen zeleliň öweziniň dolulygyna dolunandygynyň, salgyt töleýjiniň - guramanyň ýa-da fiziki şahsyň bergisiniň hasabyna Türkmenistanyň býujet ulgamyna hasaplanan möçberleriň geçirilendigine şaýatlyk edýän resminamalar bilen tassyklanyp bilinýändigine (mysal üçin, töleg tabşyrygy ýa-da bankyň belligi bolan töleg resminamasy), zyýanyň öwezini dolmaklygyň diňe bir jenaýaty eden şahs tarapyndan amala aşyrylyp bilinmän, eýsem onuň haýyşy boýunça (onuň razylygy bilen) beýleki şahslar tarapyndan hem amala aşyrylyp bilinýändigine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

26. Kazyýetler edilen etmişde salgytlary tölemekden boýun gaçyrylmagy hakyndaky jenaýatlaryň düzüminiň alamatlarynyň bardygyny ýa-da ýokdugyny tassyklaýan subutnamalaryň, şol sanda salgyt beýannamasynyň (hasaplamasynyň), salgytlary hasaplamak we tölemek üçin zerur bolan beýleki resminamalaryň, salgyt barlaglarynyň ykrar hatlarynyň, bilermeniň netijenamasynyň, beýleki ygtyýarly edaralaryň salgytlar hakynda kanunçylygyň ýerine ýetirilişiniň barlaglarynyň iş toplumlarynyň bolup bilýändigine, şeýle ýagdaýda salgytlaryň tölenilişiniň kanunalaýyklygyny barlamaklygyň "Salgytlar

hakynda” Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 40-njy maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, salgydyň bellenen ýa-da goşmaça hasaplanan möçberini almaklyk, salgydy tölemek hakyndaky talabyň ýüze çykan pursadyndan başlap bäş ýylyň dowamynda amala aşyrylyp bilinýändigine üns bermelidirler.

Salgytlary tölemekden boýun gaçyrmak bilen baglanyşykly jenaýatlaryň uly bolmadyk jenaýatlaryň hataryna girýändigi sebäpli, olar baradaky jenaýat jogapkärçiligine çekmegiň wagt möhleti baradaky mesele çözülende, Türkmenistanyň JK-nyň 73-nji maddasynyň 1-nji böleginiň “a” bendiniň talaplaryndan ugur alynmalydyr.

Şunda wagt möhleti hasaplanan-da degişli salgyt ýyly (1-nji ýanwaryndan 31-nji dekabr aralygy) tamamlanandan ugur alynmaga degişlidigine kazyýetler üns bermelidirler.

Kazyýetler salgytlary tölemekden boýun gaçyrylmagy hakyndaky jenaýatlaryň edilmegi bilen baglanyşykly ähli ýagdaýlary doly we hemmetaraplaýyn anyklamak maksady bilen, kazyýet seljerişine hünärmenleri çekip bilerler, zerur halatlarda bolsa degişli bilermenler seljermesini belläp bilerler.

27. Kazyýetler Türkmenistanyň JIÝK-nyň 198-nji maddasynyň birinji bölegine laýyklykda, salgytlary tölemekden boýun gaçyrylmagy bilen bagly jenaýat işleri boýunça hökümlerde bildirilen raýat hak islegleri boýunça çözgüdiň bolmalydygyna üns bermelidirler. Raýat hak islegi prokuror (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 9-njy maddasynyň ikinji bölegi) ýa-da salgyt edarasy tarapyndan bildirilip bilner.

Raýat hak isleginiň mazmunyndaky tölenmedik salgytlar diýlende – tölenmedik girdeji salgydy, puşmana tölegler, maliýe jerimesi we beýleki ýygymlara düşünilmelidir.

Raýat hak islegini kanagatlandyrmak barada çözgüt kabul etmek bilen, kazyýet hökümde tutulyp alynmaga degişli bolan, tölenmedik salgydyň, puşmana töleglerіň, maliýe jerimesiniň we beýleki ýygymlaryň anyk pul möçberini görkezmelidir.

Şunda degişli salgyt edarasy raýat hak isleýji hökmünde işe gatnaşyp biler, ýöne onuň wekiliniň kazyýet mejlisine gelmezligi işe seretmäge päsgeçilik bolup durmaýar, şeýle ýagdaýda kazyýet Türkmenistanyň JIÝK-nyň 196-njy maddasyna laýyklykda, öz başlangyjy boýunça döwlet bähbitlerini goramak maksady bilen ygtyýarlyklaryny amala aşyrýar. Salgyt edarasynyň wekili talabyň diňe puşmana tölegleri, maliýe jerimesi we beýleki ýygymlary öndürip almak baradaky bölegi boýunça bildirilen hak islegini goldap bilýändiklerine kazyýetleriň ünsüni çekmeli.

Işe seredilende degişli salgyt edarasy deslapky derňewde raýat hak isleýjisi hökmünde çekilmedik bolsa, onda kazyýet öz başlangyjy boýunça işe çekmek meselesini çözmelidirler (Türkmenistanyň JIÝK-nyň 191-nji maddasy).

28. Kazyýetlere salgytlary tölemekden boýun gaçyrylmagy hakyndaky gelip gowşan jenaýat işleri boýunça aýyplanýan hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekmek baradaky kararda, aýyplaw netijenamasynda jenaýatyň edilen pursadynda hereket eden salgytlar hakynda kanunçylygyň anyk haýsy kadalarynyň aýyplanýan tarapyndan bozulandygy baradaky maglumatlaryň, anyk salgytlary tölemegiň

möhletleriniň, tölenmedik salgytlaryň uly ýa-da aýratyn uly möçberlerini kesgitlemek üçin döwrüň nähili görnüşde hasaplanandygynyň beýan edilendigini barlamaklygyň zerurdygyny düşündirmeli.

Aýyplanýan hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekmek baradaky kararda, aýyplaw netijenamasynda agzalan we beýleki maglumatlar bolmasa, kazyýet, Türkmenistanyň JIÝK-nyň 342-nji maddasyna laýyklykda, tarapyň haýyşnamasy ýa-da öz başlangyjy boýunça işe seretmeklige päsgelçiligi aradan aýyrmak we goşmaça deslapky derňew geçirmek üçin, jenaýat işini prokurora gaýtarmak baradaky meseläni çözmelidir.

29. Deslapky derňew edaralary we kazyýetler salgytlary tölemekden boýun gaçyrylmagy bilen bagly jenaýat işleri derňelýän wagtynda we işiň kazyýet seljerişine taýýarlyk döwründe Türkmenistanyň JIÝK-nyň 196-njy maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak bilen baglanyşykly zerur çäreleri görmelidirler we işlere örän ünsli seretmelidirler, her bir işiň kanuny çözgüdini tapmagy başarmalydyrlar we jenaýatyň ýüze çykmagyna getiren sebäpleri anyklamalydyrlar hem-de olaryň gaýtalanmazlygy üçin, Türkmenistanyň JIÝK-nyň 434-nji maddasyna laýyklykda, kazyýetiň hususy kesgitnamasyny (kararyny) ibermek bilen, degişli guramalaryň ýa-da wezipeli adamlaryň ünslerini çekmelidirler.

30. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri degişli kazyýetler tarapyndan agzalan görnüşli işlere öz wagtynda we dogry seredilmegini gazanmalydyrlar hem-de işler boýunça kazyýet iş tejribesini yzygiderli umumylaşdyryp, ýüze çykarylan kemçilikleri aradan aýyrmak maksady bilen, degişli çäreleri görmelidirler we aşakdaky kazyýetlere zerur bolan amaly kömekleri bermelidirler.

Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy B.Hojamgulyýew

Plenumyň kätibi,
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň kazysy G.Ýegenmämmedowa

M A Z M U N Y

Sah.

1. Parahorçulyk baradaky işler boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda
(28.04.1997 ýyl, karar № 5).....2-7

2. Jenaýat işleriniň goşmaça derňew geçirmek üçin yzyna gaýtarylyşyny düzgünleşdirýän kanunçylygyň Türkmenistanyň kazyýetleri tarapyndan ulanylyşynyň iş tejribesi hakynda
(25.12.1997 ýyl, karar № 14).....8-15

3. Miras almak baradaky işlere garalanda, Türkmenistanyň kazyýetleri tarapyndan kanunçylygyň ulanylyş iş tejribesi hakynda
(25.12.1997 ýyl, karar № 15).....16-23

4. Kazyýet mejlislerini guramaklygy gowulandyrmak we olary alyp barmak medeniýetini ýokarlandyrmak hakynda
(30.07.1998 ýyl, karar № 5).....24-27

5. Türkmenistanyň kazyýetleri tarapyndan jeza çäresiniň birnäçe jenaýat edilende we birnäçe höküm boýunça bellenilişiniň iş tejribesi hakynda
(30.07.1998 ýyl, karar № 6).....28-32

6. Atalygy anyklamak baradaky işlere garalanda Türkmenistanyň kazyýetleri tarapyndan kanunçylygyň ulanylyş iş tejribesi hakynda
(30.07.1998 ýyl, karar № 9).....33-36

7. Azatlykdan mahrum etmek bilen bagly bolmadyk jeza çäreleriniň bellenişiniň iş tejribesi hakynda
(22.07.1999 ýyl, karar № 5).....37-45

8. Jelepçilik bilen baglanyşykly jenaýatlar üçin jogapkäçiligi göz öňünde tutýan kanunçylygyň ulanylyşy boýunça iş tejribesi hakynda
(22.07.1999 ýyl, karar № 6).....46-50

9. Bilkastlaýyn adam öldürmek baradaky işler boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda (Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasy)
(03.11.2000 ýyl, karar № 2).....51-60

10. Jenaýat netijesinde ýetirilen maddy zyýany töledip almak baradaky kanunçylygyň ulanylyşynyň kazyýet iş tejribesi hakynda
(03.11.2000 ýyl, karar № 4).....61-67

11. Iş kesilenlik aýbynyň öz-özünden aýrylmagynyň we aýrylyşynyň käbir meseleleri hakynda
(03.08.2001 ýyl, karar № 2).....68-69

12. Jenaýatlaryň residiwi baradaky kanunçylygy ulanmagyň kazyýet iş tejribesi hakynda
(03.08.2001 ýyl, karar № 3).....70-73

13. Azatlykdan mahrum edilenlere, düzediş edarasynyň görnüşini bellemegiň kazyýet iş tejribesi hakynda
(03.08.2001 ýyl, karar № 4).....74-78

14. Jenaýat jezasy bellenilende kazyýetler tarapyndan kanunçylygyň berjaý edilişi hakynda
(03.08.2001 ýyl, karar № 5).....79-83

15. Ýol hereketleriniň we ulag serişdelerini ulanmagyň düzgünleriniň bozulmagy baradaky işler boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda
(01.09.2003 ýyl, karar № 3).....84-92

16. Aýal-gyzlary zorlamak baradaky işler boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda
(12.08.2006 ýyl, karar № 1).....93-101

17. Türkmenistanyň kazyýetleri tarapyndan daşary ýurtly düzgünnamaly şahslaryň we telekeçileriň gatnaşmaklary bilen baglanyşykly jedellere seretmekde Türkmenistanyň kanunçylygynyň berjaý edilişi boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda
(25.01.2008ýyl, karar № 2) 102-105

18. Notarial hereketleri ýa-da notarial hereketlerini amala aşyrmakdan ýüz dönderilendigi barada bildirilen şikaýatlara garalanda kazyýetler tarapyndan kanunçylygyň berjaý edilişi hakynda
(25.01.2008 ýyl, karar № 3) 106-110

19. Zähmet şertnamasyny baglaşmagy, üýtgetmegi we ýatyrmagy düzgünleşdirýän kanunçylygyň kazyýetler tarapyndan ulanylyş iş tejribesi hakynda
(18.12.2010 ýyl, karar № 7).....111-124

20. Ikinji basgançakly kazyýetde nägilelik şikaýatlar we teklipnamalar boýunça jenaýat işine garamaklygyň iş tejribesi hakynda
(18.12.2010 ýyl, karar № 8).....125-132

21. Jenaýat işlerine kazyýetde garalanda jenaýat iş ýörediş kanunçylygynyň berjaý edilişi hakynda
(30.11.2011 ýyl, karar № 2).....133-141

22. Işgäriň iş berijiniň öňündäki maddy jogapkärçiligini düzgünleşdirýän kanunçylygyň kazyýetler tarapyndan ulanylyşy hakynda
(30.11.2011 ýyl, karar № 3) 142-148

23. Jenaýat işini kazyýet seljerişine bellemek baradaky jenaýat iş ýörediş kanunçylygynyň talaplarynyň kazyýetler tarapyndan berjaý edilişi hakynda
(28.07.2012 ýyl, karar № 2) 149-155

24. Nikany bozmak hakyndaky işlere garalanda, Türkmenistanyň kazyýetleri tarapyndan kanunçylygyň ulanylyşynyň iş tejribesi hakynda
(28.07.2012 ýyl, karar № 3) 156-166

25. Huligançylyk baradaky işler boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda
(19.04.2014 ýyl, karar № 1).....167-174

26. Ýaşaýyş öýüne raýatlaryň eýeçilik hukugy bilen baglanyşykly jedelleri çözmek boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda
(19.04.2014 ýyl, karar № 2) 175-182

27. Kontrabanda baradaky işler boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda
(12.11.2014 ýyl, karar № 6) 183-191

28. Türkmenistanyň ýaşaýyş jaý kanunçylygynyň kazyýetler tarapyndan ulanylyşynyň iş tejribesi hakynda
(25.07.2015 ýyl, karar № 3) 192-202

29.Lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmagyň kazyýet iş tejribesi hakynda
(16.07.2016 ýyl, karar № 1) 203-213

30.Arakhorlukdan, neşekeşlikden ýa-da psihoaktiw maddalara baglylykdan ejir çekýän adamlary bejermek bilen bagly kanunçylygyň kazyýetler tarapyndan ulanylyşynyň iş tejribesi hakynda
(16.07.2016 ýyl, karar № 2) 214-218

31. Jenaýatlaryň we beýleki kanun bozmalaryň öňüni almak baradaky kanunçylygy ulanmak boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda
(16.07.2016 ýyl, karar № 3) 219-221

32. Raýat işlerini kazyýet seljerişine taýýarlamak hakynda
(27.12.2016 ýyl, karar № 5) 222-230

33. Birinji basgançakly kazyýetde raýat işlerine seredilende iş ýörediş kanunçylygynyň ulanylyşy hakynda
(27.12.2016 ýyl, karar № 6) 231-244

34. Kazyýet çözgüdi hakynda
(27.12.2016 ýyl, karar № 7) 245-250

35. Nägilelik basgançakly kazyýetlerde raýat işlerine seretmekliğiň iş tejribesi hakynda
(27.12.2016 ýyl, karar № 8) 251-256

36. Gözegçilik basgançakly kazyýetde raýat iş ýörediş hukuk kadalarynyň ulanylyşynyň iş tejribesi hakynda
(27.12.2016 ýyl, karar № 9) 257-263

37. Ýuridik ähmiýeti bolan faktlary takyklamak hakyndaky işler boýunça Türkmenistanyň kazyýetleriniň iş tejribesi hakynda
(27.12.2016 ýyl, karar № 10) 264-272

38. Harby jenaýatlar boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda
(26.08.2017 ýyl, karar № 2).....273-284

39. Wezipe bilen baglanyşykly jenaýat işleri boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda
(08.12.2018 ýyl, karar № 4)..... 285-294

40. Aliment töletmek bilen baglanyşykly işlere seredilende Türkmenistanyň kazyýetleri tarapyndan kanunçylygyň ulanylyşynyň iş tejribesi hakynda
(08.12.2018 ýyl, karar № 5).....295-305

41. Arbitraž işleri kazyýet seljerişine taýýarlananda iş ýörediş kanunynyň ulanylyşynyň kazyýet iş tejribesi hakynda
(08.12.2018 ýyl, karar № 6).....306-314

42. Emlägi muzdsuz almak baradaky kanunçylygyň ulanylyşynyň kazyýet iş tejribesi hakynda
(17.08.2019 ýyl, karar № 2).....315-318

43. Administratiw gözegçilik kadalarynyň bilkastlaýyn bozulmagy baradaky jenaýat işleri boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda
(17.08.2019 ýyl, karar № 3).....319-324

44. Kiçi we orta telekeçiliğiň subýektlerinde hem-de iş beriji – fiziki şahslarda işleýän işgärleriň zähmetini düzgünleşdirýän kanunçylygyň ulanylyşynyň kazyýet iş tejribesi hakynda
(17.08.2019 ýyl, karar № 4).....325-332

45. Awtoulag serişdeleri bilen ýolagçylary gatnatmak, ýükleri we goşlary, el goşlary daşamak baradaky şertnama boýunça kanunçylygy ulanmakda ýüze çykýan käbir meseleler barada

(17.08.2019 ýyl, karar № 5).....333-337

46. Ýerine ýetiriş önümçiliginiň dowamynda ýüze çykýan käbir meseleler boýunça kanunçylygyň ulanylyşy hakynda
(17.08.2019 ýyl, karar № 6).....338-351

47. Kazyýetiň hökümi hakynda (19.12.2019 ýyl, karar № 8).....352-366

48. Zähmeti goramagyň kadalarynyň we dag-magdan, gurluşyk ýa-da beýleki işler ýerine ýetirilende howpsuzlyk kadalarynyň bozulmagy baradaky jenaýat işleri boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda
(19.12.2019 ýyl, karar № 9).....367-373

49. Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň buýruk önümçiligi baradaky düzgünleri ulanmakda käbir meseleler hakynda
(19.12.2019 ýyl, karar № 10).....374-379

50. Neşe serişdeler, psihotrop we psihoaktiw maddalar bilen baglanyşykly kanun bozulmalara garşy göreş boýunça kanunçylygyň ulanylyşynyň kazyýet iş tejribesi hakynda
(17.04.2020 ýyl, karar № 1).....380-392

51. Adamy ogurlamak, adamy bikanun azatlykdan mahrum etmek we adam söwdasy hakyndaky işler boýunça kazyýet iş tejribesi barada
(17.04.2020 ýyl, karar № 2).....393-397

52. Çagalary terbiýelemek bilen baglanyşykly jedeller çözülende kazyýetler tarapyndan kanunçylygyň ulanylyş iş tejribesi hakynda
(17.04.2020 ýyl, karar № 3).....398-407

53. Emlägi gozgamasyz etmekden boşatmak baradaky işlere seredilende, kanunçylygyň ulanylyşy boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda
(17.10.2020 ýyl, karar № 5).....408-413

54. Kazyýetler tarapyndan raýat ýagdaýynyň namalaryny döwlet belligine almakdan we raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyna üýtgetmeleri, goşmaçalary we (ýa-da) düzedişleri girizmekden RÝNÝ edaralarynyň ýüz döndermegine berlen şikaýatlary seretmekligi düzgünleşdirýän kanunçylygyň ulanylyş iş tejribesi hakynda
(17.10.2020 ýyl, karar № 6).....414-418

55. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýat jogapkärçiliginiň we jezasynyň aýratynlyklary, şeýle hem olary jenaýata ýa-da jemgyýete garşy hereketleri etmäge çekmek baradaky işler boýunça kanunçylygyň kazyýetler tarapyndan ulanylyşynyň kazyýet iş tejribesi hakynda
(17.10.2020 ýyl, karar № 7).....419-429

56. Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kanunçylyk ulanylanda, ýüze çykýan käbir meseleler boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda
(17.10.2020 ýyl, karar № 8).....430-444

57. Işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrmak kadalarynyň ulanylmagy bilen bagly kazyýet iş tejribesi hakynda
(17.10.2020 ýyl, karar № 9).....445-449

58. Jenaýat netijesinde ýetirilen maddy zyýany töletmek baradaky kazyýet kararlarynyň ýerine ýetirilmegini düzgünleşdirýän kanunçylygyň ulanylmagy bilen bagly kazyýet iş tejribesi hakynda
(17.10.2020 ýyl, karar № 10).....450-457

59. Türkmenistanyň Döwlet serhedinden bikanun geçilmegi baradaky işler boýunça kanunçylygyň kazyýetler tarapyndan ulanylyşynyň kazyýet iş tejribesi hakynda
(24.07.2021 ýyl, karar № 3).....458-460

60. Raýaty nam-nyşansyz giden diýip ykrar etmek ýa-da raýaty ölen diýip yglan etmek bilen baglanyşykly işler seredilende kazyýetler tarapyndan kanunçylygyň ulanylyş iş tejribesi hakynda
(24.07.2021 ýyl, karar № 4)..... 461-466

61. **Ýetirilen zyýany töletmek hakyndaky raýat işlerine seredilende Türkmenistanyň kazyýetleri tarapyndan kanunçylygyň ulanylyş iş tejribesi hakynda**
(24.07.2021 ýyl, karar № 5).....467-470

62. Kazyýetler tarapyndan raýat işleri boýunça kazyýet çykdajylary baradaky kanunçylygyň ulanylyş iş tejribesi hakynda
(24.07.2021 ýyl, karar № 6).....471-475

63. Aýal-gyzlaryň, maşgala borçlary bolan beýleki adamlaryň we kämillik ýaşyna ýetmedikleriň zähmetini düzgünleşdirýän kanunçylygyň ulanylmagy bilen bagly käbir meseleler hakynda
(18.12.2021 ýyl, karar № 8).....476-480

64. Jenaýatçylykly ýol bilen alnan pul serişdeleriniň we başga emlägiň kanunlaşdyrylmagy we görnetin jenaýatçylyk ýoly bilen ele salnan emlägiň satyn alynmagy ýa-da satylmagy bilen bagly işler boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda
(18.12.2021 ýyl, karar № 9).....481-487

65. Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň hak isleýiş wagtynyň möhletleri baradaky kadalaryny ulanmak bilen bagly käbir meseleler hakynda
(18.12.2021 ýyl, karar № 10).....488-494

66. Telekeçilik işini alyp barmak bilen bagly işler boýunça kazyýet iş tejribesinde ýüze çykýan käbir meseleler hakynda
(18.12.2021 ýyl, karar № 11).....495-501

67. Türkmenistanyň Administratiw iş ýörediş kodeksiniň kadalary ulanylanda kazyýet iş tejribesinde ýüze çykýan meseleler hakynda
(23.07.2022 ýyl, karar № 2).....502-509

68. Saglyga şikesiň ýetirilmegi sebäpli ýüze çykan zyýanyň öwezini töletmek bilen bagly gatnaşyklary düzgünleşdirýän kanunçylygyň kazyýet iş tejribesinde ulanylyşy hakynda
(23.07.2022 ýyl, karar № 3).....510-518

69. Aýyplanýanyň özüni goramaga bolan hukugyny düzgünleşdirýän kanunçylygyň kazyýet iş tejribesinde ulanylmagy bilen bagly ýüze çykýan käbir meseleler hakynda
(23.07.2022 ýyl, karar № 4).....519-525

70. Jenaýat iş ýörediş önümçiliginde jebir çekeniň gatnaşmagyny düzgünleşdirýän kanunçylygyň kadalarynyň kazyýet iş tejribesinde ulanylyşy hakynda
(23.07.2022 ýyl, karar № 5).....526-535

71. Arbitraž işlerine nägilelik basgançakly kazyýetde seredilende Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksiniň ulanylyşy hakynda
(18.03.2023 ýyl, karar № 3).....536-543

72. Söwda düzgünleriniň bozulmagy baradaky jenaýat işleri boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda
(18.03.2023 ýyl, karar № 4).....544-547

73. Ýaragyň, ok-därileriň, partlaýjy maddalaryň ýa-da partladyjy enjamlaryň bikanun edinilmegi, satylmagy, saklanylmagy, äkidilmegi, iberilmegi ýa-da ýanynda göterilmegi, şeýle hem olaryň ogurlanmagy ýa-da gorkuzyp alynmagy bilen bagly işler boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda
(18.03.2023 ýyl, karar № 5).....548-555

74. Ýaşaýyş jaýyny gurmak üçin bölünip berlen mellek ýerleri we ýer bölekleri bilen baglanyşykly jedelleri düzgünleşdirmekde kanunçylygy ulanmak boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda
(17.02.2024 ýyl, karar № 1).....556-565

75. Güýçli täsir edýän ýa-da awuly maddalaryň bikanun dolanyşygy baradaky işler boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda
(17.02.2024 ýyl, karar № 2).....566-570

76. Kesekiniň emläginiň ogurlanmagy baradaky işler boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda
(19.10.2024 ýyl, karar № 5).....571-589

77. Satyn almak-satmak we sowgat etmek şertnamalaryndan gelip çykýan gozgalmaýan emläk jedelleri bilen bagly işlere seredilende Türkmenistanyň kazyýetleri tarapyndan kanunçylygyň ulanylyş kazyýet iş tejribesi hakynda
(19.10.2024 ýyl, karar № 6).....590-597

78. Ipoteka we paýly gurluşyk şertnamalaryndan gelip çykýan jedeller boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda
(19.10.2024 ýyl, karar № 7).....598-607

79. Ýerine ýetiriş ýazgylary ýerine ýetirmegiň dowamynda ýüze çykýan meseleler bilen bagly Türkmenistanyň kanunçylygyny ulanmagyň kazyýet iş tejribesi hakynda
(19.10.2024 ýyl, karar № 8).....608-613

80. Administratiw kazyýet önümçiliginde administratiw we raýat iş ýörediş kanunçylygyny ulanmagyň aýratynlyklary hakynda
(19.07.2025 ýyl, karar № 1).....614-624

81. Administratiw işler boýunça kazyýetiň çözgüdi hakynda
(19.07.2025 ýyl, karar № 2).....625-635

82.Administratiw hak isleglerіň görnüşleri we olaryň ýol bererliligi, işe gatnaşyjylar baradaky kadalary ulanmak boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda
(19.07.2025 ýyl, karar № 3).....636-648

83. Türkmenistanyň Administratiw iş ýörediş kodeksiniň iş ýörediş möhletleri baradaky kadalaryny ulanmak bilen bagly käbir meseleler hakynda
(18.10.2025 ýyl, karar № 6).....649-654

84. Administratiw işlere nägilelik we ýokary nägilelik basgançaklarda seretmegiň kazyýet iş tejribesi hakynda
(18.10.2025 ýyl, karar № 7).....655-659

85. Raýatlaryň saglygynyň goralmagy çygrynda käbir etmişler bilen bagly jenaýat işleri boýunça kazyýet iş tejribesi hakynda
(18.10.2025 ýyl, karar № 8).....660-667

86. Jenaýat işleri boýunça kazyýet-bilermenler seljermesini bellemegiň kazyýet iş tejribesi hakynda
(18.10.2025 ýyl, karar № 9).....668-676

87. Türkmenistanyň kazyýetleriniň kazylarynyň kazyýet mejlisinde ýörite geýimi (mantiýany) geýmeginiň we adyl kazyýetliginiň çekijini ulanmagyň Tertiplerini tassyklamak hakynda
(18.10.2025 ýyl, karar № 11)..... .677-681

88. Gözegçilik basgançakly kazyýetde kazyýet kararlaryna gaýtadan seredilende, iş ýörediş kanunçylygynyň ulanylyşynyň kazyýet iş tejribesi hakynda
(25.07.2026 ýyl, karar № 1)..... .682-689

89. Hökümi ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly meseleleri düzgünleşdirýän kanunçylygyň ulanylyşynyň kazyýet iş tejribesi hakynda
(25.07.2026 ýyl, karar № 2).....690-695

90.Salgytlary tölemekden boýun gaçyrylmagy bilen bagly jenaýat işlerine seretmegiň kazyýet iş tejribesi hakynda
(25.07.2026 ýyl, karar № 3).....696-706